GURHAN

Türkmençe terjime

— 114 süre —

Ehli Tasdik taslamasy

Mazmuny

1. FATYHA SÜRESI 8

2. SYGYR SÜRESI 9

3. IMRANYŇ ÖÝI SÜRESI 57

4. AÝALLAR SÜRESI 89

5. SUPRA SÜRESI 120

6. ENGAM (ÇARWA MALLAR) SÜRESI 145

7. SYRAT SÜRESI 170

8. OLJA SÜRESI 200

9. TOBA SÜRESI 212

10. ÝUNUS SÜRESI 235

11. HUD SÜRESI 253

12. ÝUSUP SÜRESI 273

13. GÖK GÜMMÜRDISI (RAD) SÜRESI 291

14. YBRAÝYM SÜRESI 300

15. HIJR SÜRESI 309

16. BALARY SÜRESI 319

17. GIJEKI SEÝR SÜRESI 338

18. GOWAK SÜRESI 355

19. MEREM SÜRESI 373

20. TAHA SÜRESI 384

21. ENBIÝA SÜRESI 399

22. HAJ SÜRESI 414
23. MÖMINLER SÜRESI 427
24. NUR SÜRESI 440
25. FURKAN SÜRESI 453
26. ŞAHYRLAR SÜRESI 464
27. GARYNJALAR SÜRESI 483
28. KYSSA SÜRESI 495
29. MÖÝ SÜRESI 510
30. RUM SÜRESI 520
31. LUKMAN SÜRESI 529
32. SEJDE SÜRESI 535
33. AZHAB SÜRESI 540
34. SABA SÜRESI 554
35. FATIR SÜRESI 564
36. ÝASIN SÜRESI 572
37. SAP-SAP DURANLARA KASAM SÜRESI 583
38. SAD SURESI 597
39. MÄHELLE SÜRESI 609
40. GAFUR SÜRESI 622
41. FUSSILAT SÜRESI. 635
42. MASLAHAT SÜRESI 645
43. ZER-ZYNAT SÜRESI 655
44. TÜTÜN SÜRESI 667

45. DYZA ÇÖKÜJILER SÜRESI 674
46. GUM DEPELERI SÜRESI 680
47. MUHAMMET SÜRESI 688
48. ÝEŇIŞ SÜRESI 695
49. HÜJRELER SÜRESI 703
50. KAF SÜRESI 708
51. WA-Z-ZARIÝOT SÜRESI 714
52. TUR DAGYNA KASAM SÜRESI 721
53. ÝYLDYZA KASAM SÜRESI 727
54. KAMAR SÜRESI 733
55. RAHMAN SÜRESI 739
56. WAKYÝA SÜRESI 747
57. DEMIR SÜRESI 754
58. SÖHBET SÜRESI 761
59. HAŞR SÜRESI 767
60. MUMTAHANA SÜRESI 773
61. SAP SÜRESI 778
62. JUMA SÜRESI 781
63. MUNAFYKUN SÜRESI 784
64. TAGABUN SÜRESI 787
65. TALAK SÜRESI 791
66. TAHRYM SÜRESI 795
67. MÜLK SÜRESI 799

68. GALAM SÜRESI 805
69. AL-HAAKKA SÜRESI 811
70. MAGRAJ SÜRESI 816
71. NUH SÜRESI 820
72. JYN SÜRESI 824
73. MUZZAMMIL SÜRESI 830
74. MUDDASSIR SÜRESI 834
75. KYÝAMAT SÜRESI 839
76. YNSAN SÜRESI 845
77. WAL-MURSALAT SÜRESI 849
78. HABAR SÜRESI 853
79. WAN-NAZIAT SÜRESI 857
80. ABASA SÜRESI 862
81. TEKWIR SÜRESI 866
82. INFITAR SÜRESI 869
83. MUTAFFIFUN SÜRESI 872
84. INŞIKAK SÜRESI 875
85. BURÇLAR SÜRESI 878
86. TARIK SÜRESI 881
87. AGLA SÜRESI 883
88. GOŞIÝA SÜRESI 885
89. WAL-FAJR SÜRESI 888
90. ŞÄHER SÜRESI 891

91. GÜN SÜRESI 894
92. GIJE SÜRESI 896
93. ÇÄŞ SÜRESI 899
94. ŞARH SÜRESI 901
95. INJIR SÜRESI 903
96. ALAK SÜRESI 904
97. GADYR SÜRESI 907
98. ANYK HÜJJET SÜRESI 908
99. ÝER TITREME SÜRESI 910
100. ÝÜWRÜK ATLAR SÜRESI 911
101. AL-KARIA SÜRESI 913
102. TAKASUR SÜRESI 914
103. IKINDI SÜRESI 916
104. HUMAZA SÜRESI 917
105. PIL SÜRESI 918
106. KUREÝŞ SÜRESI 919
107. SADAKA SÜRESI 920
108. KÖWSER SÜRESI 922
109. KAPYRLAR SÜRESI 923
110. ÝARDAM SÜRESI 924
111. TEPBET SÜRESI 925
112. YHLAS SÜRESI 926
113. PELEK SÜRESI 927

1. FATYHA SÜRESI

Ýedi aýatdan ybarat bu süre Mekgede hasyl bolan. Ol "Fatyha", ýagny "Açyjy süre" diýlip atlandyrylýar. Gurhandaky süreleriň ýerleşiş tertibinde owalky orunda duranyna garamazdan, we özüniň gysga bolandygyna seretmezden, Gurhanyň esasy many-maňzyny özünde jemläni üçin, Gurhanyň mazmunyny "Açyjy" diýip atlandyrylandyr.

Bu sürede ýalňyz Hudaýa hormat etmek, Onuň diňe özüne ybadat etmek, ahyret güni barlygyna ynanmak, ýalňyz Hudaýyň özünden medet-kömek soramak: hak din we dogry ýoly diňe Özüniň görkezip biljegine iman getirmek ýaly Yslam dininiň esasy talaplary oz beýanyny tapandyr. Şonuň üçin bu süräni "Ummul-Gurhan" - "Gurhanyň enesi - asly" diýip hem atlandyrýarlar.

1. Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

2-3-4. *Hamdy-sena ähli älemler Rebbi, Mähriban we Rehimli, kyýamat (magşar) gününiň Patyşasy bolmuş Alla üçindir.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Öwgi-alkyşa dahylly bolmak üçin beşer dunýäsine patyşa bolmagyň özi ýeterlik bolmaýar, belki, älemdäki ähli Ýyldyz, Aý, Gün, Ýer we olardaky bar janly-jansyz barlygyň hemmesiniň üstünden ylym-hikmet we rehim-şepagat bilen eýelik edýän, mundan daşgary, ahyretdäki magşar gününde hem ýegana patyşa bolan Alla tagalanyň özi hamdy-sena laýyk zatdyr.

5. Diňe Saňa ybadat edýäris we diňe Senden medet soraýarys.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, Senden özgäniň öňünde başymyzy egmeris we Senden özgeden delalat islemeris.

6-7. Bizi gazaba duçar bolmadyk we hak ýolundan dänmedik ynsanlara ynam eden ýoluň bolmuş dogry ýola ýollagaý Sen.

DÜŞÜNDIRIŞ. Meşhur ynsanlar - ähli pygamberler, hakyky iman-ynsap eýeleri we öz hak ýollarynda janlaryny pida eden kişilerdir.

2. SYGYR SÜRESI

Bu süre Medinede hasyl bolup, iki ýüz segsen alty aýatdan ybarat. Ol Gurhandaky iň uzyn süredir. Bu sürede hormat, ybrat, mylakat, ahlak, nika, talak, we başga şerigat hökümleri barasynda gürrüň gidýär. Bu süräniň başynda möminler, kapyrlar (inkär edýänler), mynapyklar we imanlylygyň hakykaty, küfr (agyr günäler) we näpäkligiň netijesi beýan edilýär. Soňra beşerler atasy Adam alaýhy-s-salam kyssasy aýdylyp, ol ynsan ýaradylan wagtda bolup geçen ybratly waka-hadysalar beýan edilýär.

Soňra ýahudylaryň we nasranylaryň pygamberlere garşy eden etmişleri, olaryň öz mukaddes kitaplaryna oňly eýermändikleri beýan edilýär. Süräniň soňunda möminleriň Alla ýalbaryp eden dileg-mynajatlary getirilýär.

1. Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen.

2. Älif, Läm, Mim.

DÜŞÜNDIRIŞ. Gurhanyň käbir sürelerиniň başynda gelýän bu hili harplara "hurufy mukatga" - "kesik harplar" diýilýär. Olaryň hakyky manysyny Alladan özge hiç kim bilmeýär. Käbir alymlaryň aýtmagyna görä, bu harplar degişli süräniň adydyr, käbirleri bolsa olary Gurhanyň syrlaryndan hasaplaýarlar.

3. Bu kitapda (Gurhanda) hiç hili şek-şübhe ýokdur. Ol takwalar (Alladan gorkup, günäden saklanýanlar) üçin dogry ýoly görkezijidir.

4. Olar gaýyba (göze görünmeýän barlyklara) iman getirýärler, namazy berjaý edýärler we Biziň özlerine beren rysgalymyzdan (Alla ýolunda) sarp edýärler.

5. Olar saňa inderilene (Gurhana) hem, senden öň inderilenlere (Töwrata, Injile we başga kitaplara) hem iman getirýärler we ahyrete anyk ynanýarlar.

6. Ana, şolar Perwerdigäriniň görkezen dogry ýolundadyrlar we hut şolar najat tapyjylardyr.

7. Kapyr bolanlara (iman etmediklere) bolsa duýdursaň-da, duýdurmasaň-da barybirdir, olar iman getirmezler.

8. Alla olaryň kalplaryny we gulaklaryny möhürländir, gözleriniň öňünde bolsa perde bardyr. Olara (ahyretde) uly azap bardyr.

9. Adamlaryň arasynda: "Alla we ahyret gününe iman getirdik" diýýänler hem bardyr. Emma olar mömin däldirler.

10. Olar (öz pikirlerine görä) Allany we iman getirenleri aldamakçy bolýarlar. Ýöne olar diňe özlerini aldaýarlar-da, muňa düşünmeýärler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu we mundan soňky aýatlar mynapyklar hakyndadyr. Mynapyk - daş ýüzünden musulman bolup görnüp, içinde küfri gizleýän adamdyr. Olar musulmanlaryň arasynda bolanlarynda "iman getirdik" diýýärler, öz şeýtan dostlarynyň ýanyna baranlarynda bolsa: "Biz siziň bilendiris, biz (möminleriň) üstünden gülýäris" diýýärler.

11. Olaryň kalplarynda kesel (şek we mynapyklyk) bardyr. Alla olaryň keselini has-da artdyrandyr. Ýalan sözleýändikleri üçin olara jebir-jepaly azap bardyr.

12. Olara: "Ýer ýüzünde bozgakçylyk etmäň" diýlende, olar: "Biz diňe ýagşylyk edýänlerdiris, aralaşdyryýanlardyrys" diýýärler.

13. Habardar boluň! Olaryň özleri bozgakçydyrlar, ýöne muňa düşünmeýärler.

14. Olara: "Adamlaryň iman getirişi ýaly siz hem iman getiriň" diýlende, olar: "Akmaklaryň iman getirişi ýaly biz hem iman getirelimi?" diýýärler. Habardar boluň! Olaryň hut özleri akmakdyrlar, ýöne muny bilmeýärler.

15. Olar iman getirenler bilen duşuşanlarynda: "Iman getirdik" diýýärler. Öz şeýtanlary (azgyn ýolbaşçylary) bilen ikiçäk galanlarynda bolsa: "Takyk, biz siziň bilendiris, biz diňe (olaryň üstünden) gülýäris" diýýärler.

16. Alla (bu masgaralamalarynyň jezasyny berip) olaryň özlerini masgaralar we azgynlyklarynda sergezdan halda goýar.

17. Olaryň mysaly ot ýakan kişiniň mysalyna meňzeýär. Ot onuň töweregini ýagtyldan wagty Alla olaryň nuruny giderip, olary tümlükde, hiç zat görmeýän halda goýdy.

18. Olar kerdirler, laldyrlar, kördürler. Şonuň üçin olar (hak ýola) dolanmazlar.

19. Ýa-da (olaryň mysaly) asmandan inýän, içinde tümlükler, gök gürrüldisi we ýyldyrym bolan güýçli ýagşa (uçran kişileriň mysalyna) meňzeýär. Olar ýyldyrymyň gorkusyndan ölümden heder edip, barmaklaryny gulaklaryna tykaýarlar. Alla kapyrlary (her tarapdan) gurşap alandyr.

20. Ýyldyrym olaryň gözlerini (ýagtysy bilen) alara gelýär. Ol (ýyldyrym) olara ýagtylyk beren wagty şol ýagtyda ýöreýärler, üstlerine tümlük çöken wagty bolsa aýak çekip duryarlar. Eger Alla islesedi, olaryň eşidiş we görüş ukyplaryny aýrardy. Takyk, Alla ähli zada kadyrdyr.

21. Eý, ynsanlar! Sizi we sizden öňkileri ýaradan Perwerdigäriňize ybadat ediň, belki, şonda takwalardan bolarsyňyz.

22. Ol size ýeri düşek, asmany bina (ýaly berk gubba) edip goýdy, asmandan suw inderip, onuň bilen size rysgal bolsun diýip (dürli) miweleri çykardy. Indi siz muny bilip dursaňyz, Alla (hiç zady) şärik goşmaň.

23. Eger bendämize (Muhammede) inderen zadymyzdan (Gurhandan) şek-şübhäňiz bar bolsa, onda oňa meňzeş bir süre getiriň we Alladan özge şaýatlaryňyzy hem (kömege) çagyryň, eger dogruçyl bolsaňyz.

24. Eger muny başarmasaňyz - hergiz başaryp hem bilmersiňiz - onda odunlary ynsanlar we daşlar bolan, kapyrlar üçin taýýarlanan otdan (dowzahdan) goranyň.

25. (Eý, Muhammet), iman getirip, ýagşy amallary edenlere buşluk ber: olara astyndan derýalar akýan jennet bagçylary bardyr. Haçan-da özlerine ol ýerden bir miwe rysgal edilip berlende: "Bu öň hem bize berlen zat" diýerler. Olara (dünýädäki miwelere daş keşbi taýdan) meňzeş zatlar berler. Olara ol ýerde (her hili kir-kimirden) päklenen ýanýoldaşlar bardyr we olar ol ýerde ebedi galyjydyrlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda jennetiň näz-nygmatlarynyň dünýä nygmatlaryna diňe keşbi taýdan meňzeşdigi, hakykatda bolsa olaryň has kämil hem lezzetlidigi beýan edilýär. Jennet durmuşynyň esasy aýratynlygy - onuň bakylygydyr.

Diňe bu baky durmuşa ýetmek üçin pany dünýäde iman ygtykat bilen ýagşy amallar edip ýaşamak şertdir.

26-27. Alla çybyn ýa-da ondan-da maýda närseler hakynda mysal aýtmakdan hiç çekinmeýär. Imanly kişiler onuň (mysalynyň) hakykatdan Perwerdigär tarapyndan aýdylandygyny bilýärler. Kapyrlar bolsa: "Muny mysal etmek bilen Alla näme diýmekçi?" diýýärler. Bu mysal bilen köpleri azaşdyrýar we köpleri hak ýola düşürýär. Bu mysal bilen diňe Allanyň anyk görkezmelerini bozýan, onuň sazlaşyga buýran närselerini üzýän we ýer ýüzünde bozgakçylyk edip ýörýän diňe pasyg-ýaramaz kişileri azaşdyrýar. Olar şübhesiz zelel görýänlerdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Gurhanda balary, çybyn, möý garynja ýaly ownuk jandarlaryň ybratly (göreldeli) taraplaryny görkezip berýän mysallar gelende, käbir kimseler: "Bu kitap ylahyý kitap bolanynda, beýle maýda-çüýde närseler dogrusynda söz açylmazdy" diýýär. Şonda Alla tagala şol haşarat-närseleri ýaratmaga utanmandygy, şeýle hem olary mysal etmekden hiç haçan utanmajakdygyny beýan edip, meşhur aýatlary hasyl kyldy.

"Allanyň anyk görkezmeleri" - Muhammet pygamberiň gelşi we oňa iman getirmek lazymlygynyň zerurdygyny Töwrat, Injil we başga gaýybana kitaplarda hem anyk görkezilipdi.

"Onuň sazlaşyga buýran närseleri" - ata-enä ak bolmak, olaryň razylygyny almak, garyndaş-urugçylyk rişdeleri pugta tutmak we başga mömin-musulmanlar bilen mähir-muhabetli bolmak ýaly zatlardyr. "Ýer ýüzünde bozgakçylyk edip ýörmek" adamlar arasynda pitne-pisat gozgamak, iman-hormat ýollaryna taskynlyk etmek we başga bozuk işler bilen meşgul bolmak diýen manyny aňladýar.

28. Öli teniňize jan beren, soňra ölüm berýän, soňra ýene dirilden soň, Özüne gaýtjagyňyz - Allany nähili inkär edersiňiz?

29. Ol şeýle zat bolup, siz üçin ýerdäki ähli närsäni ýaratdy. Soňra göge ýüzlendi-de, olary ýedi asman edip dikledi. Ol hemme zady bilijidir.

30. Ýatlaň (Eý, Muhammet), Perwerdigäriň perişdelere: "Men ýerde (Adamy) halypa-ýardamçy etjekdirin" diýeninde, olar aýtdylar: "Ol ýerde bozgakçylyk edýän, ganlar dökýän kimsäni (halypa) etjek bolýarmyň?" Elbetde, biz hamdy-sena aýtmak bilen Seni beýikleýäris we Seniň adyňy mydam päk tutýarys. Alla diýdi: "Men siziň bilmeýän närseleriňizi bilýärin".

31. We Adama ähli närseleriň adyny öwretdi. Soňra olary perişdelere ýüzleşdirip diýdi: "Eger halypalyga biz haklydyrys" diýen sözleriňiz çyn bolsa, ine, bu närseleriň atlaryny maňa bildiriň!"

32. Olar aýtdylar: "Eý, päk Perwerdigär, biz diňe Seniň tanadan zatlaryňyzy bilýäris. Elbetde, Sen özüň ylym hikmet sahyby Sen".

33. Alla: "Eý, Adam, bulara ol närseleriň atlaryny bildir" diýdi. Adam olara ähli närseleriň atlaryny bildireninden soň, Alla aýtdy: "Size, men ýer, asmanlaryň

gizlin syrlaryny hem bilýärin, siziň äşgär edýän we gizleýän zatlaryňyzy hem bilýärin diýmedimmi?"

34. Ýatlaň, Biz perişdelere: "Adama sežde ediň" diýenimizde, olaryň bary sežde etdiler, emma Iblis (sežde etmedi), boýun towlady, tekepbirlik etdi we kapyrlardan boldy.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu ýerdäki sežde ybadat seždesi bolman, belki, hormat we salam seždesidir. Ybadat diňe Alla mahsusdyr.

35. Biz aýtdyk: "Eý, Adam, sen aýalyň bilen jennetde mesgen tut, ondaky (miwelerden) islän ýeriňizde arkaýyn iýiň, emma şu agaja golaýlaşmaň, ýogsa (özüňize) zulum edenlerden bolarsyňyz".

36. Şeýtan olary ol ýerden (jennetden) taýdyryp, özleriniň bolan (mesgenlerinden) çykardy. Biz aýtdyk: "(Ýere) iniň! Siz biri-biriňize duşmansyňyz. Size ýerde belli wagta çenli mesgen we peýdalanma bardyr".

37. Soňra Adam Perwerdigärinden (toba) sözlerini öwrenip aldy, Ol hem onuň tobasyny kabul etdi. Takyk, Ol tobalary kabul edijidir, Mähribandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Adam alaýhy-s-salamyň öwrenen sözleri Agraf süresiniň 23-nji aýatynda beýan edilýär: "Eý, Perwerdigärimiz, biz özümize zulum etdik. Eger Sen bizi bagyşlamasaň we bize rehim etmeseň, elbetde, biz zelel görýänlerden bolarys".

38. Biz aýtdyk: "Baryňyz ol ýerden iniň! Menden size bir ýol görkeziji (kitap ýa pygamber) gelende, kim Meniň dogry ýoluma

eýerse, olara (ahyretde) gorky ýokdur we olar gamgyn hem bolmazlar".

39. Kapyr bolup, Biziň aýatlarymyzy ýalan hasaplanlar bolsa dowzah eýeleridir. Olar ol ýerde ebedi galyjydyrlar.

40. Eý, Ysraýyl ogullary (Ýakup pygamberiň neberesi)! Size beren nygmatymy ýada salyň we Maňa beren ähdiňize wepa ediň, Men hem size beren ähdime wepa edeýin. Diňe Menden gorkuň.

41. Ýanyňyzdaky (Töwraty) tassyklaýjy edip inderen zadyma (Gurhana) iman getiriň. Ony ilkinji bolup inkär edenlerden bolmaň. Meniň aýatlarymy az bahalyk zada satmaň we diňe Menden heder ediň.

42. Hakykaty batyl (ýalan) bilen garyşdyrmaň we bilip dursaňyz, hakykaty gizlemäň.

> *DÜŞÜNDIRIŞ. Ýahudy alymlary Töwratda Muhammet alaýhy-s-salamyň pygamber bolup geljekdigi hakyndaky aýatlary bilýärdiler, emma bahyllyk edip, ol hakykaty halkdan gizleýärdiler. Bu aýat şolar hakynda inendir, ýöne onuň hökümi umumydyr: hakykaty bilip durup gizlemek uly günädir.*

43. Namazy berjaý ediň, zekaty beriň we ruku edýänler (Alla tagzym edýänler) bilen bile ruku ediň.

44. Siz kitaby (Töwraty) okap dursaňyz hem, adamlara ýagşylygy buýrup, özüňizi unudýarsyňyzmy? Akylyňyzy işletmeýärsiňizmi?

45. Sabyr we namaz bilen (Alladan) medet diläň. Elbetde, ol (namaz) Alladan gorkup, kalby ýumşanlardan özgelere agyr gelýändir.

46. Olar (kalby ýumşaklar) Perwerdigärine gowuşjakdyklaryna we Oňa gaýdyp barjakdyklaryna anyk ynanýarlar.

47. Eý, Ysraýyl ogullary! Size beren nygmatymy we sizi (öz zamanyňyzdaky) älemlerden üstün edendigimi ýada salyň.

48. Hiç kimiň hiç kime peýda berip bilmejek, hiç kimden şepagatyň (arakçylygyň) kabul edilmejek, hiç kimden töleg-hun alynmajak we olara ýardam hem edilmejek (kyýamat) gününden goranyň.

49. Ýatlaň, Biz sizi Firgawunyň adamlaryndan halas etdik. Olar size azabyň iň ýamanyny berýärdiler: ogullaryňyzy boýnuna çalyp öldürip, aýallaryňyzy (gyrnaklyga) diri galdyrýardylar. Bu size Perwerdigäriňizden uly synagdyr.

50. Ýatlaň, Biz siziň üçin deňzi böldük, sizi halas etdik we Firgawunyň adamlaryny siziň gözüňiziň alnynda gark etdik.

51. Ýatlaň, Biz Musa (Töwraty bermek üçin) kyrk gijäni wada etdik. Soňra siz onuň yzyndan (özüňize) zulum eden halyňyzda göläni (ilähläp) tutundyňyz.

52. Soňra, belki, şükür edersiňiz diýip, Biz sizi şondan soň hem bagyşladyk.

53. Ýatlaň, dogry ýola girersiňiz diýip, Biz Musa kitaby we furkany (hak bilen batyly aýyl-saýyl edijini) berdik.

54. Ýatlaň, Musa öz kowmuna: "Eý, kowmum, siz göläni (ilähläp) tutunmak bilen özüňize zulum etdiňiz. Indi Ýaradanyňyza toba ediň-de, öz nebisleriňizi öldüriň. Bu Ýaradanyňyzyň ýanynda siziň üçin haýyrlydyr" diýdi. Şondan soň Ol siziň tobaňyzy kabul etdi. Takyk, Ol tobalary kabul edijidir, Mähribandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. "Nebisleriňizi öldüriň" diýmek, bir rowaýata görä, gölä çokunanlaryň özlerini çokunmadyklaryň eli bilen jezalandyrmakdyr, başga bir manyda bolsa nebsi haýyş-höweslerden saplap, ony boýun egdirmekdir.

55. Ýatlaň, siz: "Eý, Musa, tä Allany äşgär görýänçäk, saňa hergiz ynanmarys" diýdiňiz. Şonda sizi, özüňiz görüp duran halyňyzda, ýyldyrym (urup) aldy.

56. Soňra, belki, şükür edersiňiz diýip, Biz sizi ölümiňizden soň direltdik.

57. We Biz üstüňize buludy kölege etdik, size mannat (süýji iýmit) we bedene (guş etini) inderdik: "Beren rysgalymyzyň päkize zatlaryndan iýiň" (diýdik). Olar (nankörlük etmek bilen) Bize zulum etmediler, belki, öz-özlerine zulum etdiler.

58. Ýatlaň, Biz aýtdyk: "Şu şähere (Beýtil-Mukaddese) giriň-de, ondaky (nygmatlardan) islän ýeriňizde arkaýyn iýiň. Derwezeden sežde edip (tagzym bilen) giriň we "hitta" ("günälerimizi geçirgin") diýiň. Şonda Biz siziň hatalaryňyzy bagyşlarys we ýagşylyk edýänlere (sylagyny) has-da artdyrarys".

59. Emma zulum edenler özlerine aýdylan sözi başga (söze) çalşyrdylar. Şonuň üçin Biz zulum edenleriň üstüne pasyklyk edýändikleri sebäpli asmandan azap inderdik.

60. Ýatlaň, Musa öz kowmy üçin suw dilände, Biz: "Hasaň bilen daşa ur" diýdik. Şonda ol (daşdan) on iki çeşme atylyp çykdy. Her tire öz suw içýän ýerini bildi. "Allanyň rysgalyndan iýiň-içiň, emma ýer ýüzünde bozgakçylyk edip azmaň" (diýdik).

61. Ýatlaň, siz: "Eý, Musa, biz bir hili tagama hergiz çydap bilmeris. Perwerdigäriňe dileg et, bize ýeriň gögerdýän zatlaryndan - gök önümlerinden, hyýaryndan, sarymsagyndan, merjimeginden we soganyndan çykaryp bersin" diýdiňiz. Ol: "Siz ýagşy zady pes zada çalyşjak bolýarsyňyzmy? (Beýle bolsa) bir şähere baryň, islän zadyňyz şol ýerde bardyr" diýdi. Olaryň üstüne horluk we garyplyk (möhri) uruldy we olar Allanyň gazabyna sezewar boldular. Munuň sebäbi - olaryň Allanyň aýatlaryny inkär edendikleri we pygamberleri nähak öldürendikleridir. Munuň sebäbi - olaryň boýun towlandyklary we hetden aşandyklarydyr.

62. Takyk, iman getirenlere, ýahudylara, nasranylara we sabiýlere - Alla we ahyret gününe (hakykatdan) iman getirip, ýagşy amal edenlere Perwerdigäriniň ýanynda sylag-serpaýlary bardyr. Olara (kyýamatda) gorky ýokdur we olar gamgyn hem bolmazlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda ady agzalanlar Muhammet alaýhy-s-salamyň pygamberliginden öň öz zamanlarynyň hak dinine uýup, ýagşy amallar edenlerdir. Muhammet alaýhy-s-salam pygamber bolup geleninden soň bolsa hak din - Yslamdyr.

63. Ýatlaň, Biz siziň (Töwrata amal etjekdigiňiz hakynda) ähdiňizi aldyk we Tur dagyny üstüňize galdyryp: "Size berenimizi (Töwraty) berk tutuň we ondaky zatlary ýada salyň, belki, şonda takwa bolarsyňyz" (diýdik).

64. Şondan soň hem siz (ähdiňizden) ýüz öwürdiňiz. Eger Allanyň size fazly-keremi we rahmeti bolmasa, elbetde, zelel görýänlerden bolardyňyz.

65. Kasas ediň, siz özüňizden şenbe (güni balyk tutmazlyk) hakyndaky (buýrukdan) hetden aşanlary bilýänsiňiz. Biz olara: "Har-zelil maýmynlar boluň!" diýdik.

66. Biz muny şol zamandakylara we olardan soň geljeklere ybrat, takwalara bolsa öwüt-nesihat etdik.

67. Ýatlaň, Musa öz kowmuna: "Alla size bir sygyr soýmagy buýurýar" diýende, olar: "Sen bizi masgara edip gülki edinýärsiňmi?" diýdiler. Ol: "Nadanlardan bolmakdan Alla sygynýaryn" diýdi.

68. Olar: "Perwerdigäriňe dileg et, ol sygryň nähilidigini bize aýan etsin" diýdiler. Musa aýtdy: "Ol (Alla): "Ol sygyr ne gartaň, ne-de ýaş, bularyň ikisiniň aralygyndadyr" diýýär. Indi buýrulan zadyňyzy ediň".

69. Olar: "Perwerdigäriňe dileg et, onuň reňkiniň nähilidigini bize aýan etsin" diýdiler. Musa aýtdy: "Ol: "Ol görýänlere şatlyk berýän açyk sary reňkli sygyrdyr" diýýär".

70. Olar: "Perwerdigäriňe dileg et, onuň nähilidigini bize (has anygrak) aýan etsin, çünki bize (ähli) sygyrlar meňzeş görünýär. Alla islese, biz elbetde dogry ýoly taparys" diýdiler.

71. Musa aýtdy: "Ol: "Ol boýuntyryga salnyp ýer sürülmedik, ekin suwarylmadyk, sagdyn, hiç hili şikessiz sygyrdyr" diýýär". Olar: "Ine, indi hakykaty getirdiň" diýdiler-de, ony soýdular. Emma (bahasynyň gymmatlygyndan) tas etmän goýupdylar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu süräniň "Bakara" ("Sygyr") diýlip atlandyrylmagyna şu kyssa sebäp bolandyr. Ysraýyl ogullary birbada buýrugy berjaý etmän, artykmaç sowal baryny berip, işi kynlaşdyrdylar. Eger olar ilkibaşda islendik sygry soýanlarynda, buýruk berjaý bolardy.

72. Ýatlaň, siz bir adamy öldürip, onuň (ganhory) hakynda dawalaşdyňyz. Alla bolsa siziň gizleýän zadyňyzy äşgär edijidir.

73. Şonda Biz: "(Soýlan sygryň) bir bölegi bilen ol (öldürilene) uruň" diýdik. Alla ölüleri şeýdip direldýär we akylyňyzy işledersiňiz diýip, size Öz alamatlaryny görkezýär.

74. Şondan soň (bu açyk mugjyzadan soň) hem siziň kalplaryňyz gatady. Olar edil daş ýalydyr, belki, ondan hem gatydyr. Çünki daşlaryň arasynda içinden derýalar atylyp çykýanlary bardyr, ýarylyp, içinden suw çykýanlary hem bardyr, Allanyň gorkusyndan (dag başyndan) togalanyp gaýdýanlary hem bardyr. Alla siziň edýän işleriňizden gapyl däldir.

75. (Eý, möminler!) Siz olaryň (ýahudylaryň) size ynanmagyny umyt edýärsiňizmi? Olaryň bir topary Allanyň kelamyny (Töwraty) diňleýärdiler-de, oňa düşünenlerinden soň, bilip durup ony

üýtgedýärdiler.

76. Olar iman getirenler bilen duşuşanlarynda: "Iman getirdik" diýýärler. Biri-birleri bilen ikiçäk galanlarynda bolsa: "Allanyň size açan zadyny (Töwratdaky Muhammet hakyndaky habarlary) Perwerdigäriňiziň ýanynda size delil bolsun diýip, olara (musulmanlara) gürrüň berýärsiňizmi? Akylyňyzy işletmeýärsiňizmi?" diýýärler.

77. Eýsem, olar Allanyň özleriniň gizleýän we äşgär edýän zatlaryny bilýändigini bilmeýärlermi?

78. Olaryň arasynda kitaby (Töwraty) bilmeýän ümmiler (sowatsyzlar) hem bardyr. Olar (kitapdan) diňe boş arzuw-hyýallary bilýärler we diňe çak-güman edýärler.

79. Öz elleri bilen kitap ýazyp, soňra ony az bahalyk zada satmak üçin: "Bu Allanyň ýanyndandyr" diýýänlere waý! Elleriniň ýazan zatlary üçin olara waý! Gazanýan zatlary üçin olara waý!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýahudy alymlarynyň käbirleri Töwratyň hökümlerini öz bähbitlerine görä üýtgedip, halka: "Bu Allanyň hökümi" diýip ýetirýärdiler. Bu aýat şolaryň eden etmişleriniň nähili agyr günädigini beýan edýär.

80. Olar: "Bize ot (dowzah ody) sanalgy günlerden başga hergiz degmez" diýdiler. Sen aýt: "Alladan (şeýle) äht aldyňyzmy? Alla ähdinden hergiz dänmez. Ýa-da Alla hakynda bilmeýän zadyňyzy sözleýärsiňizmi?"

81. Hawa, kim erbetlik gazanyp, günäsi özüni (her tarapdan) gurşap alan bolsa, ana, şolar dowzah eýeleridir. Olar ol ýerde ebedi galyjydyrlar.

82. Iman getirip, ýagşy amallary edenler bolsa jennet eýeleridir. Olar ol ýerde ebedi galyjydyrlar.

83. Ýatlaň, Biz Ysraýyl ogullaryndan: "Alladan özgä ybadat etmäň, ata-enä, garyndaşlara, ýetimlere we misginlere (garyp-gasarlara) ýagşylyk ediň, adamlara ýagşy söz sözläň, namazy berjaý ediň we zekaty beriň" diýip äht aldyk. Soňra siziň az sanlyňyzdan başgaňyz (ähdiňizden) ýüz öwürdiňiz. Siz (haky kabul etmekden) ýüz öwrüji kowumsyňyz.

84. Ýatlaň, Biz sizden: "Biri-biriňiziň ganyňyzy dökmäň we biri-biriňizi ýurtlaryňyzdan çykarmaň" diýip äht aldyk. Soňra siz muny ykrar etdiňiz we özüňiz hem (muňa) şaýatlyk edýärsiňiz.

85. Soňra siz (edil şol) biri-biriňizi öldürýärsiňiz, öz araňyzdan bir topary ýurtlaryndan çykarýarsyňyz, günä we duşmançylyk bilen olaryň garşysyna (duşmanlaryna) arka durýarsyňyz. Olar ýesir düşüp gelseler, töleg töläp (ýesirlikden) boşadýarsyňyz. Aslynda olary (ýurtlaryndan) çykarmagyň özi size haramdy. Eýsem, siz kitabyň bir bölegine ynanyp, bir bölegini inkär edýärsiňizmi? Sizden şeýle edýänleriň jezasy dünýä durmuşynda diňe masgaraçylykdyr, kyýamat gününde bolsa olar iň agyr azaba duçar edilerler. Alla siziň edýän işleriňizden gapyl däldir.

86. Olar ahyrete derek dünýä durmuşyny satyn alanlardyr. Şonuň üçin olardan azap ýeňilleşdirilmez we olara ýardam hem edilmez.

87. Kasas ediň, Biz Musa kitaby (Töwraty) berdik we onuň yzyndan pygamberleri yzly-yzyna iberdik. Meryem ogly Isa hem açyk deliller (mugjyzalar) berdik we ony Mukaddes Ruh (Jebraýyl) bilen kuwwatlandyrdyk. Eýsem, size her gezek bir pygamber nebsiňiziň islemeýän zadyny getirende, siz tekepbirlik etdiňizmi? (Pygamberleriň) bir toparyny ýalançy hasapladyňyz, bir toparyny bolsa öldürdiňiz.

88. Olar: "Biziň kalplarymyz gulplydyr (perdelidir)" diýdiler. Beýle däl, küfrleri sebäpli Alla olary nälete duçar edendir. Şonuň üçin olaryň örän azy iman getirer.

89. Olara Allanyň ýanyndan özlerindäki (Töwraty) tassyklaýjy kitap (Gurhan) gelende - olar öň (bu pygamberiň gelmegi bilen) kapyrlaryň garşysyna kömek dileýärdiler - ana, şol özleriniň bilýän zady (pygamber) gelende, ony inkär etdiler. Allanyň näleti kapyrlaryň üstüne bolsun!

> *DÜŞÜNDIRIŞ. Ýahudylar Muhammet alaýhy-s-salamyň pygamberliginden öň mejusy araplar bilen uruşlarynda: "Töwratda wasp edilen ahyrky zaman pygamberi gelse, biz oňa uýup, sizden üstün çykarys" diýýärdiler. Emma ol pygamber öz aralaryndan däl-de, araplaryň arasyndan çykansoň, bahyllyk edip, ony inkär etdiler.*

90. Olaryň özlerini satan zatlary - Allanyň Öz fazly-keremini bendelerinden islänine indermegine bahyllyk edip, Allanyň inderen zadyny (Gurhany) inkär etmekleri nähili ýaramazdyr! Şeýdip, olar gazap üstüne gazaba sezewar boldular. Kapyrlara har-zelil ediji azap bardyr.

91. Olara: "Allanyň inderen zadyna (Gurhana) iman getiriň" diýlende, olar: "Biz özümize inderilene (Töwrata) iman getirýäris" diýýärler-de, ondan soňka (Gurhana) - özlerindäkini tassyklaýjy hakykata iman getirmeýärler. Sen aýt: "Eger (Töwrata) iman getiren bolsaňyz, onda näme üçin öň Allanyň pygamberlerini öldürdiňiz?"

92. Kasas ediň, Musa size açyk deliller (mugjyzalar) bilen geldi. Soňra siz onuň yzyndan, (özüňize) zulum eden halyňyzda göläni (ilähläp) tutundyňyz.

93. Ýatlaň, Biz siziň ähdiňizi alyp, Tur dagyny üstüňize galdyrdyk: "Size berenimizi berk tutuň we (oňa) gulak asyň" (diýdik). Olar: "Eşitdik we boýun towladyk" diýdiler. Küfrleri sebäpli olaryň

kalplaryna göle (söýgüsi) içirildi. Sen aýt: "Eger iman getiren bolsaňyz, imanyňyzyň size buýrup duran zady nähili ýaramazdyr!"

94. Sen aýt: "Eger Allanyň ýanyndaky ahyret ýurdy (jennet) özge adamlara däl-de, diňe size mahsus bolsa, onda ölümi arzuw ediň, eger dogruçyl bolsaňyz".

95. Elleriniň (öňünden) iberen zatlary (günäleri) sebäpli olar ölümi hergiz arzuw etmezler. Alla zalymlary bilijidir.

96. Kasas edýärin, sen olary adamlaryň arasynda ýaşaýyşa iň açgöz kişiler halynda taparsyň, hatda müşriklerden hem (açgözdürler). Olaryň her biri özüne müň ýyl ömür berilmegini isleýär. Emma uzak ýaşamak olary azapdan daşlaşdyryjy däldir. Alla olaryň edýän işlerini görüp durujydyr.

97. Sen aýt: "Kim Jebraýyla duşman bolsa, (bilsin ki), ol (Jebraýyl) Gurhany Allanyň yzny bilen seniň kalbyňa, özünden öňki (kitaplary) tassyklaýjy, möminlere dogry ýol görkeziji we buşlukçy edip inderendir".

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýahudylar: "Jebraýyl biziň duşmanymyzdyr, ol azap we uruş buýruklaryny getirýär. Eger saňa wahyýni Mikaýyl getiren bolsa, iman getirerdik" diýipdirler. Bu aýat şolara jogap edip inendir.

98. Kim Alla, Onuň perişdelerine, pygamberlerine, Jebraýyla we Mikaýyla duşman bolsa, takyk, Alla hem (şol) kapyrlara duşmandyr.

99. Kasas ediň, Biz saňa açyk-aýdyň aýatlary inderdik. Olary diňe pasyklar (haky kabul etmekden çykanlar) inkär eder.

100. Olar her gezek äht baglaşanlarynda, olaryň bir topary ony bozup zyňmadymy? Belki, olaryň köpüsi iman getirmeýärler.

101. Olara Allanyň ýanyndan özlerindäkini (Töwraty) tassyklaýjy pygamber (Muhammet) gelende, kitap berlenleriň bir topary

Allanyň kitabyny göýä bilmeýän ýaly, arkalaryna zyňdylar.

102. Olar Süleýmanyň patyşalygy hakynda şeýtanlaryň okap berýän (ýalan-ýaşryk) zatlaryna eýerdiler. Süleýman kapyr bolmady, emma şeýtanlar adamlara jadygöýligi öwredip, kapyr boldular.

Olar Babyldaky Harut we Marut atly iki perişdä inderilen zatlary (adamlara öwredýärdiler). Ol ikisi: "Biz diňe (siziň üçin) synagdyrys, sen (jadygöýligi öwrenip) kapyr bolma" diýmän, hiç kime hiç zat öwretmeýärdiler. Adamlar ol ikisinden är bilen aýalyň arasyny bozýan zatlary öwrenýärdiler. Emma olar Allanyň yzny bolmasa, ol (jady) bilen hiç kime zyýan ýetirip bilmeýärler. Olar özlerine zyýan berýän, peýda bermeýän zatlary öwrenýärler. Kasas ediň, olar muny (jadygöýligi) satyn alanlara ahyretde hiç hili nesibäniň ýokdugyny bilýärdiler. Olaryň özlerini satan zatlary nähili ýaramazdyr! Muny bilsediler!

103. Eger olar iman getirip, takwa bolsadylar, Allanyň ýanyndaky sylag (özleri üçin) has haýyrly bolardy. Muny bilsediler!

104. Eý, iman getirenler! (Pygambere) "raina" diýmäň-de, "unzurna" ("bize seret") diýiň we (oňa) gulak asyň. Kapyrlara jebir-jepaly azap bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Möminler pygamberimize "raina" ("bize üns ber") diýip ýüzlenýärdiler. Ýahudylar bolsa bu sözi öz dillerindäki "reun" ("akmak") sözüne meňzedip, kine bilen aýdýardylar. Şonuň üçin möminlere bu sözüň ýerine "unzurna" diýmek buýruldy.

105. Kitap eýelerinden kapyr bolanlar hem, müşrikler hem size Perwerdigäriňizden haýyr inmegini islemeýärler. Alla bolsa Öz rahmetini islänine mahsus edýändir. Alla beýik fazly-kerem eýesidir.

106. Biz bir aýatyň (hökümini) üýtgetsek ýa-da ony unutdyrsak, ondan haýyrlysyny ýa-da oňa meňzeşini getirýäris. Eýsem, sen

Allanyň ähli zada kadyrdygyny bilmeýärsiňmi?

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda "nesih" meselesi beýan edilýär. Alla tagala Öz hikmetine görä, käbir hökümleri belli bir wagta çenli ýöretdip, soňra olaryň ýerine täze hökümleri inderendir. Bu Allanyň bendelerine bolan rehim-şepagatynyň nyşanydyr.

107. Eýsem, sen asmanlaryň we ýeriň patyşalygynyň Allanyňkydygyny, size Alladan özge dost hem, ýardam beriji hem ýokdugyny bilmeýärsiňmi?

108. Ýa-da siz öň Musadan soralyşy ýaly, öz pygamberiňizden hem (bolgusyz zatlary) soramak isleýärsiňizmi? Kim imany küfre çalyşsa, takyk, ol dogry ýoldan azaşandyr.

109. Kitap eýeleriniň köpüsi özlerine hakykat äşgär bolanyndan soň hem, içlerindäki bahyllyk sebäpli, sizi imanyňyzdan soň (öňki) küfrüňize gaýtarmak isleýärler. Allanyň (bu hakdaky) buýrugy gelýänçä, olary bagyşlaň we geçirimli boluň. Takyk, Alla ähli zada kadyrdyr.

110. Namazy berjaý ediň we zekaty beriň. Özüňiz üçin öňünden iberen ýagşylygyňyzy Allanyň ýanynda taparsyňyz. Takyk, Alla siziň edýän işleriňizi görüp durujydyr.

111. Olar: "Jennete ýahudylardan we nasranylardan özge hiç kim girmez" diýdiler. Bu olaryň boş arzuw-hyýallarydyr. Sen aýt: "Eger dogruçyl bolsaňyz, deliliňizi getiriň".

112. Beýle däl! Kim ýagşylyk ediji bolup, ýüzüni (özüni) Alla tabşyrsa, onuň sylagy Perwerdigäriniň ýanyndadyr. Olara (kyýamatda) gorky ýokdur we olar gamgyn hem bolmazlar.

113. Ýahudylar: "Nasranylar (hak) esasda däldirler" diýdiler. Nasranylar hem: "Ýahudylar (hak) esasda däldirler" diýdiler. Olaryň (hemmesi) kitaby okap durlar. Bilmeýänler (müşrikler) hem olaryň

sözlerine meňzeş söz aýtdylar. Alla olaryň dawalaşýan zatlary hakynda kyýamat gününde özara höküm çykarar.

114. Allanyň metjitlerinde Onuň adynyň zikr edilmegini gadagan eden we olary weýran etmäge çalşandan zalymrak kim bardyr? Olara metjitlere diňe gorky bilen girmek ýaraşýandyr. Olara dünýäde masgaraçylyk, ahyretde bolsa uly azap bardyr.

Aýdyň: "Gündogar hem, Günbatar hem Allanyňkydyr. Ol özi islän kişilerini hak ýola hidaýat edýär".

DÜŞÜNDIRIŞ. Musulmanlar Medinä gelen ilki döwürlerinde Kuddusa garap namaz okaýardylar. Kuddus ýahudylaryň ilersi bolany üçin, musulmanlaryň hem şol tarapa garap ybadat edýändiklerinden olar hoşal bolup ýördüler. Haçanda musulmanlara Mekge tarapa ýüzlenip ybadat etmek buýrulanda, ýahudylar ýokardaky sözleri aýtdylar.

143. Şeýlelikde, Biz sizi başga adamlara güwä bolar ýaly, pygamberem size güwä bolar ýaly, sizi ortalyk bir kowum etdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýatlara görä, Alla tagala kyýamat gününde her bir pygamberi öz ymmatlary bilen ýüzbe-ýüz edip, olardan: "Meniň şu pygamberim Size meniň emri-permanlarymy doly ýetirdimi?" diýip soranynda, olar: "Ýok" diýip, jogap berýärler. Pygamber bolsa: "Etirdim" diýýän eken. Ondan güwä soralanda: "Muhammet alaýhy-s-salam we onuň ymmatlary güwälerimdir" diýýär. Şonda Muhammet pygamber ymmatlary bilen getirilip: "Ine, bu pygamber öz wezipesini doly berjaý etdimi?" diýip soralanda, olar: "Hawa, geçen ähli pygamberler öz ilçilik borçlaryny doly berjaý etdiler. Bize bu hakda pygamberimiz Muhammet alaýhy-s-salam habar getirendirler" diýýärler. Şonuň üçin bu aýatda musulmanlara garalyp: "Adamlar üçin güwä bolarsyňyz" diýilýär.

Siziň öňki sereden kyblaňyzy Biz diňe kimiň pygambere tirkeşip, kimiň yzyna gaýdyp gitjegini bilmek üçin edendiris, bolany. Şübhesiz, bu agyr iş. Meger, diňe Allanyň hidaýat eden kişilerine (agyr däldir). Alla imanlaryňyzy (ýagny, iman bilen okan namazlaryňyzy) zaýa kylyjy däldir. Elbetde, Alla adamlara mähriban we rehimlidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Araplar üçin Käbe Ybraýym pygamber zamanlaryndan bäýläk mukaddes saýylardy. Muhammet alaýhy-s-salam Medinä hijret etmeginden öň musulmanlar, ine, şu Käbe ýüzlenip ybadat edýärdiler. Medinä göçeninden soň bolsa, olaryň imanlaryny synamak üçin, başga tarapa - Kuddusa garap namaz okamak buýrulýar. Hijretiň on ýedinji aýynda gaýtadan Mekgä ýüzlenmäge emir edilip, aşakdaky aýat hasyl boldy.

144. Kä ýüzüňiziň gökde gezýänini görýäris. Bes, elbetde, Biz sizi özüňiz razy bolan tarapyňyza buýurýarys. Ýüzüňizi Metjit-ul-hyram (Mekge) tarapa öwrüň! (Eý, möminler, siz hem) nirede bolsaňyz, ýüzüňizi onuň tarapyna öwrüň! Kitap eýeleri, elbetde, munuň Perwerdigäri tarapyndan (gelen hak höküm) ekenligini bilýärler. Alla olaryň edýän amallaryndan gapyl däldir.

145. Kasam ki, eger siz kitap berlen kimselere bar mugjyzalary getirseňiz hem, olar tarapyňyza bakmazlar. Siz hem olaryň tarapyna bakmaly dälsiňiz. Olar (ýahudy we nasranylar) birewleri birewleriniň tarapyna bakýan däldir. Eger size gelen bilim (wahyý)dan soň hem, olaryň howaýy nebislerine uýsaňyz, onda, şübhesiz, zalymlardan bolarsyňyz.

146. Biziň kitap beren kimselerimiz (ýahudy we nasranylar) Ony (Muhammet pygamberi) öz perzentlerini tanan dek tanaýarlar. (Ýagny, özleriniň ylahyý kitaplarynda ol hakda okanlar). We, elbetde, olardan bir topary bilensoňlar, hakykaty berkidýärler.

147. Bu hakykat (ýagny, tarapyň özgerişi) Perwerdigäriňiz tarapyndandyr. Bes, şübhe edijilerden bolmaň.

148. Her kimiň öz ýüzlenýän tarapy bar. Bes, ýagşy işlere howlugyň! Nirede bolsaňyz, Alla sizi (hasap-kitap) üçin getirýändir. Elbetde, Alla her närsä kadyrdyr.

149. Haýsy tarapdan çyksaňyz, ýüzüňizi Metjit-ul-hyram tarapa öwrüň! Ol, şübhesiz, Perwerdigäriňiz (buýran) hak (kybla)dyr. We Alla edýän amallaryňyzdan gapyl däldir.

150. Haýsy tarapdan çyksaňyz, ýüzüňizi Metjit-ul-hyram tarapa öwrüň! We nirede bolsaňyz, (eý, möminler) ýüzüňizi şol tarapa öwrüň! Täki (käbir) adamlar üçin siziň garşyňyzy delil bolup galmasyn. Ýöne olaryň içinde zulum edijileri hem bar kim, siz olardan gorkmaň, Menden gorkuň! We täki size nygmatymy kemal edip bermegim we dogry ýola ýardam tapmagyňyz üçin şeýle etdim.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýahudylar: "Näme üçin Muhammet dini başga bolup, biziň kyblamyza Kuddusa garap ybadat edýär?" diýip soraýarlar. Näşükür araplar bolsa: "Muhammet Ybraýymyň dininden men diýip, dawa edýär-de, özem ýahudylaryň kyblasyna garap namaz okaýar" diýmesinler diýip, musulmanlara nirede bolsalar hem, diňe Metjit-ul-hyram tarapa ýüzlenip namaz okamak buýruldy.

151. Şonuň ýaly, size özüňizden bolan, size Biziň aýatlarymyzy düşündirýän, sizi päkleýän, size Kitaby we Hikmeti (Gurhany we Hadysy) öwredýän we bilmedik närseleriňizi bildirýän bir pygamber iberdik.

152. Bes, Meni ýatlaň, Men hem sizi ýatlaýan, we Maňa şükür ediň we Meni inkär etmäň!

153. Eý, möminler, sabyr etmek we namaz okamak bilen (Menden) medet soraň! Elbetde, Alla sabyr edijiler bilen biledir.

154. We Alla ýolunda gurban bolan şehitler hakynda: "Bular ölüler" diýmäň! Ýok, olar dirilerdir, ýöne siz duýmaýarsyňyz.

155-156. We, elbetde, size howp-hatar, açlyk, mal-jan we miwe-çiweleri kemeltmek ýaly närseler bilen synag edýäris. Bir musybat gelende: "Elbetde, biz Allanyň bendeleridiris we, elbetde,

biz Oňa gaýdyjylardyrys" diýýän sabyrlylara hoşhabar beriň, (eý, Muhammet)!

157. Ana şolara Perwerdigäri tarapyndan salawat (magrypat) we rahmet bardyr. Ine, olar hak ýoly tapyjylardyr.

158. Elbetde, Safa we Merwe Allanyň (buýran) alamatlaryndandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Safa we Merwe Käbäniň ýakynyndaky iki dag bolup, Yslam gelmezinden öň hem, araplar Käbä togap edenlerinde, olaryň aralygynda ýedi gezek baryp gelmek endikleri bardy. Şonuň üçin Yslam geleninden soň, musulmanlar haj edýän wagtlarynda ol daglar aralygynda gatnaw etmegi dowam edende, şu aýat hasyl boldy.

158. (dowamy) Bes, kim haj ýa-da umra etse, ol iki dag arasynda gatnaw etmeginiň günäsi ýokdur.

DÜŞÜNDIRIŞ. Haj etmek - her ýylyň Zulhiçje aýynyň 10, 11, 12 günleri Käbä zyýarat etmek. Umra etmek - ýylyň islän gününde Käbä zyýarat etmekdir. We kim öz islegi bilen ýagşylygy niýet etse, bes, elbetde, Alla şükür ediji (takdyrlaýjy) we bilijidir.

159. Biziň hasyl eden delillerimizden we hidaýatlarymyzdan ybarat (Muhammediň hak pygamberdigi hakyndaky) närseleri adamlara Kitapda (Töwratda) röwşen edip berenimizden soň, ýaşyrýan kimseleri, şübhesiz, Alla nälетlegeý. We nälетleýjiler (perişdeler we möminler) nälетlär.

160. Megerem, haýsylary toba edip, özlerini düzedip, (adamlara hakykaty) açyk aýtsalar, bes, olaryň tobalaryny kabul edýärin we diňe Meniň özüm tobalary kabul ediji, rehimdar Men.

161-162. Küfr ýoluna girip, kapyr halynda ölüp giden kimseler, şübhesiz, Allanyň we jemi kim perişde we adamlaryň nälетine duçar bolgaýlar we azaplary ýeňilleşdirilmän, rahmet nazaryndan binesip ebedi (jehennemde) galgaýlar.

163. Allaňyz ýegana Alladyr. Ol mähriban we rehimli Alladan özge hiç hili Taňry ýokdur.

164. Elbetde, asmanlaryň we ýeriň ýaradylyşynda, gije we gündiziň çalşyp durşunda, deňizde adamlara gerekli närseleri alyp ýören gämileriň (ýüzüşinde) we Allanyň asmandan inderen we ol sebäpli öli ýeri dirildip, bar jandary ýaýradyp ýaýyp iberen suw diýen nemetde we şemallaryň ýönelişinde, asman we ýer arasyndaky etagatly bulutda - (bularyň hemmesinde) akylly kişiler üçin aýat-alamatlar bardyr.

165. Adamlar arasynda şeýle kimseler bar ki, olar özgeleri Allaga deň bilip, olary Allany söýen ýaly söýýärler. Imanly kişileriň Allaga bolan muhabbetleri güýçlüräkdir. Zalym kimseler azaba duçar bolan zamanlarynda, (kyýamat gününde)

ähli güýç-gudratyň Allanyňkydygyny we Allanyň azabynyň gaty azapdygyny bilselerdi.

166. Ol günde olaryň yzyna eýerenler olardan dänýärler we hemmesi deň azap görýärler we olaryň aralary üzülýär.

167. Yzyna eýerenler: "Wah, indi ýene bir mertebe (ýaşamagyň) alajy bolsady, olaryň bizden dänişleri dek, biz hem olardan dänsek" diýýärler. Şeýdip, Alla tagala olaryň eden amallaryny özlerine hesret-nedamat edip görkezýär we olar jähennemden çykyp bilmeýärler.

168. Eý, adamlar, ýerdäki halal-päk närselerden iýiň we şeýtanyň yzyna düşmäň! Şübhesiz, ol siziň açyk duşmanyňyzdyr.

169. Ol size diňe ýamanlygy we bozuklygy we Allanyň garşysyna bilmeýän närseleriňizi geplemegi öwredýär.

170. Haçanda olara - müňkürlere: "Alla hasyl eden hökümlere boýun synyň" diýilse, olar: "Ýok, biziň atalarymyz nähili ýola ynanan bolsalar, şoňa eýerýäris" diýýärler. Eger atalarynyň hiç närsä akyllary ýetmedik, dogry ýoly tapyp bilmedik bolsalar hem.

171. Küfr ýolundaky kimseleri (hak ýola çagyrýan kişiniň) mysaly edil diňe owaz we gykylygy eşidýän haýwanlara gygyrýan kişiniň mysalydyr. Olar kerdir, güňdür, kördür. Diýmek, düşünmeýärler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, olar edil haýwanlar ýaly, gykylygy we owazlary eşidýärler-de, ýöne hiç närsäni aňşyrmaýarlar. Şeýlelikde, olary hak ýola çagyrmagyň peýdasy ýok.

172. Eý, möminler, size rysk edip berdigimiz - päkize närselerden iýiň we eger diňe Allanyň özüne ybadat etseňiz, Oňa şükür ediň!

173. Ol size diňe haram öleni, gany, doňuz etini we Alladan özgä niýetlenip soýlan mallary haram etdi. Indi kimde-kim zalym we hetden aşmadyk ýagdaýda mejbura düşse, günäkär bolmaýar. Elbetde, Alla magrypat ediji, rehimlidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Birew duýpden çäresiz galanda, haram edilen närselerden bir närsäni salamat galmak üçin gerek mukdarda iýse, günäkär bolmaýar.

174. Alla hasyl eden kitap (Töwrat)da aýdylan zady (Muhammet alaýhy-s-salamyň pygamberligini) gizleýän we ony azajyk gymmata satýan kimseler garynlaryny diňe ot bilen doldurýarlar - olara kyýamat gününde Alla bakmaýar - sözleşmeýär we olary (günälerinden) päklemeýär. Olar üçin agyr azap bardyr.

175. Ine, şolar dogry ýola derek azaşmany, magrypat (günä geçme) ornuna azaby satyn alan kimselerdir. Jähennem oduna munça sabyr-takatly bolarmykalar?

176. Şol (azap) Allanyň bu Kitaby (Töwraty) hak bilen hasyl edeni sebäplidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Alla tagala Töwratda Muhammet pygamber hakynda hak sözleri hasyl edipdi. Olar, ine, şu hakykaty gizlänleri üçin, dowzah azabyna duçar bolýarlar. Elbetde, bu kitap hakynda dawalaşyp-çekişip ýörýän kimseler hiç haçan (Hak bilen) gepleşip bilmezler.

177. Ýüzüňizi Maşryk we Magryp taraplara öwürmegiňiz ýagşylyk däl, belki, Alla, ahyret gününe, perişdelere, kitaplara, pygamberlere iman getiren, özi ýagşy görse-de, malyny garyndaşlaryna, ýetim-esirlere, misgin-biçärelere, ýolagçy-mysapyrlara, dilegçi-gedaýlara we gullary azat etmek ýoluna berýän, namazy doly eda edip, zekaty berýän kişi we wadalaşanda, wadalaryna wepa edijiler we hususan, agyr-eňil günlerde we jeň-jedel wagtynda sabyr, takat edijiler ýagşy kişilerdir we, ine, şolar asyl takwadyr.

178. (Eý, möminler) size öldürilen kişiler üçin azat kişiden, gul üçin guldan, aýal üçin aýaldan kasas almak parz edildi. Indi kime byradary tarapyndan biraz geçirim edilse, jenaýatçydan gan almak deregine hun (salgyt) almaga razy bolunsa, ol halda ýagşylyk bilen garaşmak we gözel suratda hun tölemek lazymdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, jenaýatçyny öldürmezden, hun almaga razy bolan tarap kejirlik etmän, gorkuzman garaşmagy, jenaýatçy tarapyň bolsa, möhleti uzaga çekmezden, hyýanat etmezden, huny tölemegi lazymdyr. Bu (höküm) Perwerdigäriňiz tarapyndan ýeňillik we rehim-şepagatdyr. Bes, kim-ki şundan soň hetden aşsa (meselem, hun tölenenden soň hem jenaýatçyny öldürse), onuň üçin agyr azap bardyr.

179. Siz üçin kasasda durmuş bar, eý, ähli danalar! Eger (jenaýatçylardan) saklansaňyz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, her bir adam kasas alynjagyny bilip, özüni jenaýat etmekden saklaýar. Diýmek, katl edenden kasas almak hökümi barlygy sebäpli örän köp jenaýatçy bolmagy we maktul (öldüriljek) bolmagy mümkin adamlaryň ömri saklanyp galýar.

180. Birewiňize ölüm gelen wagtynda (özüňizden soň) mal-dünýä galýan bolsa, adalat-dogrulyk bilen ata-enä, garyndaş-doganlara weset etmek parz edildi. Beýle weset etmek Alla ynanýanlar üçin borçdur.

181. Kim ony (weseti) eşideninden soň özgertse, günäsi diňe özgerdeniň boýnunadyr. Elbetde, Alla eşidiji, bilijidir.

182. Indi kim weset ediji tarapyndan bir aýyp ýa-da günä ýüz berjeginden howp edip (weset ediji bilen mirasdaryň) aralaryny açyp berse, günäkär bolmaýar. Elbetde, Alla magrypat ediji, rehimlidir.

183-184. Eý möminler, takwa kişiler bolmagyňyz üçin sizden öň geçenlere parz edilişi ýaly, size hem sanagly günlerde roza tutmak parz edildi. Indi sizden bir kişi hassa mysapyr (ýolagçy) bolsa, ol halda (roza tutup bilmedik günleriniň) sanagyny başga günlerde tutýar. (Garrylygy ýa-da ejizligi sebäpli) roza tutmaga ýaramaýan kişileriň bir misgin-biçäräniň bir günlük tagamy mukdary öwez tölemegi lazym. Bes, kim öz islegi bilen zyýada ýagşylyk etse (gereginden artygrak öwez tölese, bir ajy doýursa) özüne ýagşy. Eger bilseňiz, roza tutmagyňyz özüňiz üçin (öwez bermek ýa-da hatda sebäpli-üzürli ýagdaýda roza tutmazlyga görä) ýagşyrakdyr.

185. (Ol sanagly günler) Remezan aýy bolup, bu aýda adamlara dogry ýol görkezmek üçin açyk aýatlary bilen Gurhan hasyl edilendir. Bes, sizden kim bu aýa dogry gelse, roza tutsun. We kim hassa ýa-da ýolagçy bolsa, ol halda (roza tutup bilmedik günleriniň) sanagyny başga günlere (gutulan ýa-da sapardan dolanandan soň) tutýar. Alla size ýeňilligi isleýär, size agyr bolmagyny islemeýär. Hidaýat edeni sebäpli, Allany beýikläniňiz üçin bu sapagy dolduňyz. Şaýat bolsaňyz we şükür etseňiz.

186. Bendelerim sizden (eý, Muhammet) Men hakymda sorasalar, Men olara ýakyndyryn. Maňa doga eden wagtlarynda, dogagöýleriň dogasyny kabul edýärin. Bes, hak ýola ýöremekleri üçin (olar hem) Meniň (islegime) jogap etsinler we Maňa iman getirsinler.

187. Size roza gijesinde hatynlaryňyza goşulmak halal edildi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Roza tutmak parz edilen birinji döwürde musulmanlara ähli Remezan aýy dowamynda hatynlary bilen ýakynlaşmazlyk wajyp edilipdi. Ýöne käbir kişiler özlerini saklap bilmän, roza gijelerinde bu däbi bozýarlar. Şu aýat hasyl bolmagy bilen bu mesele çözüldi.

187 (dowamy). Olar siziň lybasyňyzdyr, siz hem olar üçin lybassyňyz (ýagny, är-aýal bir-birine adamyň lybasa mätäç bolşy ýaly, mätäçdirler). Alla siziň özüňize hyýanat edýändigiňizi bilip, tobalaryňyzy kabul etdi we sizi bagyşlady. Indi olar bilen gowuşyň we Allanyň siz üçin ýazan närsesini (perzendi) talap ediň! We tä daňdan ak ýüp gara ýüpden aýrylyşýança iýip-içiberiň. Soňra agşama çenli rozany nogsansyz tutuň! Metjitlerde hereketde bolan çagyňyzda (gijelerine hem) olar (aýallaryňyz) bilen goşulmaň! Bular (ýokarda hasyl bolan hökümler) Allanyň serhetleridir. Bes, olara ýakynlaşmaň! Adamlaryň haram işlerden saklanmagy üçin Alla öz aýatlaryny, ine, şeýle açyk-röwşen beýan edýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hereketde mälim wagty niýet edip metjitden ýa-da öýden çykman roza tutup, ybadat etmek.

188. Mal-dünýäleriňizi nähak-haram ýol bilen iýmäň! (Ýagny, bir-biriňiziň) hakyňyzy iýmäň! We (günä edýäniňizi) bilip-durup, adamlaryň mallaryndan bir kysmyny haram ýol bilen iýmezlikleri üçin zadyňyzy häkimlere bermäň!

189. Sizden täze dogan Aýlar hakynda soralar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, "Aý deslap ýüpekden näzik halda görnüp, soňra ulalyp başlaýar. Ahyry dolup, töwerek şekile girip, ýene gaýtadan näziklenip, ahyry deslapky halyna gaýdýar. Munuň sebäbi näme-de?" diýip

soralýar.

189. (dowamy) Aýdyň: "Ol (Aýlar) adamlar we haj üçin wagt ölçegleridir". Öýüňize arka tarapyndan girmegiňiz ýagşylyk däl, emma Alladan gorkýan kişi ýagşylyk edijidir. Öýe gapydan giriň! We Alladan gorkuň! Ýagşylyk tapjakdygyňyza şaýat.

DÜŞÜNDIRIŞ. Aýyň özgerip-täzelenip durşuna garap, adamlar özleriniň daýhançylyk, söwda we başga dünýä işlerini hem-de haj, roza, zekat ýaly dini işleriniň wagtlaryny anyklaýarlar. Musulmanlaryň haj saparyndan gaýdanlarynda, öýlerine gapydan girmän, arka tarapdan gelmek endikleri bolup, bu olara Yslamdan öňki döwürlerden miras galypdy. Şu aýat munuň bipeýda endikdigini, hakyky ýagşy amalyň Alladan gorkmakdygyny beýan edýär.

190. Size garşy uruşýanlar bilen Alla ýolunda jeň ediň we çekilmäň! Şübhesiz, Alla çekilýänleri söýmeýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Birinjiden, urşy siz öňürti başlamaň. Ikinjiden, uruş kada-kanunlarynyň raýyna boluň: gulak-burnuny kesmek, ýaragsyz adamlary, aýallary, çagalary we garrylary öldürmek ýaly dinsiz kimseleriň endiklerini etmäň!

191. Olary (siz bilen uruş alyp barýanlary) gören ýeriňizde öldüriň, we sizi kowan ýerden (ýagny, Mekgeden) olary çykaryň! Adamlary aldap, pitnä salmak öldürmekden ýamanrakdyr. Özleri uruş başlaýança, olar bilen Metjit-ul-hyram alnynda uruşmaň! Bes, eger özleri uruş başlasalar, ol ýagdaýda olary öldüriň! Kapyrlaryň jezasy şeýle bolýar.

192. Indi eger bes etseler, (küfrden geçip, Yslama girseler), bes, elbetde, Alla geçiriji, rehimlidir.

193. Tä pitne gutaryp, ähli din Alla üçin bolýança, olar bilen urşuň! Indi eger bes etseler, onda saklanyň! Diňe zalymlara garşy duşmançylyk etmek mümkin.

194. Haram edilen aý - uruş haram edilen aý uruşmak gowy däl.

DÜŞÜNDIRIŞ. Uruş haram edilen aýda size garşy uruşsalar, siziň hem bu aýda olara garşy uruşmagyňyz gerek. Aslynda "şahry haram" -uruş haram edilen aýda hiç hili uruş-jenjel bolmazlygy gerek. Emma, eger-de, garşy tarap bu kadany berjaý etmese, diýmek, siziň hem berjaý etmegiňiz şert däl, çünki;

Hormatlar bozulsa, (berjaý edilmese) kasas (alynýar). Bes, kim size howp salsa, siz hem olara howplary derejesinde howp ediň! We Alladan gorkuň! Biliňler kim, Alla özünden gorkýanlar bilen biledir.

195. Alla ýolundaky (göreş üçin mallaryňyzy) sarp ediň! We (bahyllyk etmek bilen) özüňizi heläkete goýmaň! Ýagşylyk ediň! Elbetde, Alla ýagşylyk edýänleri söýýär.

196. Haj we umrany Alla üçin kämil suratda berjaý ediň! Eger (näsaglyk ýa-da ýol böwetleýjiler sebäpli) ýoluňyz beklense, miýesser bolan bir hadýa (gurban) iberiň we zadyňyz barmaly ýerine ýetip barmaýança başyňyzy (saçyňyzy) syrmaň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Haj ýa-da umra ybadatyny ýerine ýetirmegi niýet eden kişi owaly yhram (ýörite geýim) geýýär. Şondan soň tä haj, däp-dessurlaryny doly eda edinçä, onuň üçin saç-sakgala tyg degirmek, dyrnak almak, jübti (aýaly) bilen ýakynlaşmak, birewe - hatda iň ownuk jandara - ösümliklere-de azar bermek ýaly häsiýetler haram bolýar. Haj, amallaryny eda edip bolandan soň, saçy almak ýa-da gysgaltmak bilen yhramdan çykylýar. Indi bir hajy nähilidir sebäp bilen haj amallaryny soňuna ýetirip bilmese, bir düýäni ýa-da goýny öz tarapyndan Alla ýoluna bagyş edip ibermegi lazym. Bu bagyş jaýyna - Mekgä ýetip barandan soň, ýolda galan haja saçyny almaga, ýagny, yhramdan çykmaga rugsat edilýär.

Indi eger sizden (hajylardan) kim näsag bolsa ýa-da başynda bir dert bolup, (şu üzür bilen yhramda duran halynda) saçyny syrdyrsa, ol halda (üç gün) roza tutsun ýa-da (garyp-misgine) sadaka bersin ýa-da (bir goýun) soýmak bilen öwez tölesin! Haçanda (garakçylardan ýa-da başga her hili gapma-garşylyklardan)

hatyrjem bolsaňyz, (aralaryňyzdan) kim haj (ýolunda) umradan peýdalanan bolsa (ýagny, haj möwsüminde owal umra amallaryny eda edip, yhramdan çykyp, soňra hajy yhram baglan bolsa), miýesser bolan bir närsäni ibersin! Kim (närse tapmasa) üç gün-ä hajda, dolanyndan soň bolsa, ýedi gün roza tutsun! Bu doly on gündür. Şu höküm ähli-maşgalasy Metjit-ul-hyramda bolmadyk kişiler üçin. (Ol ýeriň ilaty üçin beýle hukuk we borçlar ýok). Alladan gorkuň! We bilgin-ki, Alla azaby gaty zatdyr.

197. Haj, (möwsümi) mälim aýlardyr.(Ýagny, Baýram aýy-şowwal. Boş aý - Zulkada, Gurban aýy - Zülhiçje aýynyň on güni). Bes, kim şu aýlarda özüne hajy parz etse (haj etmegi niýet etse), haj dowamynda (jübtüne-aýalyna) ýakynlaşmaýar, günä işler, jenjel-şowhun etmeýär.

Nähili ýagşy amal etseňiz, elbetde, Alla bilýär. We (zerur azyk bilen) alapa ediniň. Ýöne ýagşy azyk (ýagny, özüňiz bilen bile bolmagy lazym bolan iň ýagşy närse) Alladan gorkmakdyr. Menden gorkuň, eý, ähli danyşmentler!

198. Haj ýolunda Perwerdigärden medet-kerem islemekden siz üçin hiç hili günä ýokdur. Indi Arafatdan (Mekgäniň golaýyndaky dag) düşeniňizden soň, Maşar-ul-hyramda Allany zikr ediň! Ol sizi - eger öň ýalňyşan bolsaňyz hem - hak ýola ýollany üçin siz hem Ony ýatlaň – zikr ediň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Haj edijiler Zülhiçje aýynyň dokuzynjy gününiň ikinji ýarymynda Arafat dagynda toplanyp, Perwerdigäre doga we toba edip duranlaryndan soň, düşüp Muzdalyfa dagynyň eteginde Maşar-ul-hyram diýen jaýda gijesi bilen doga-tekbir, toba-tezzeriler bilen Alla dilegler edýärler, hak ýola ýollany üçin şükranalar aýdýarlar.

199. Soňra adamlar düşen tarapdan düşüň we Alladan (günäleriňizi) geçirmegi soraň! Elbetde, Alla geçirimli, rehimlidir!

200. Indi hemmesini berjaý edip bolanyňyzdan soň, Allany ejdadlaryňyzy ýatlan ýaly, belki, ondan hem köpräk ýatlaň! Adamlar arasynda şeýle kimseler bar bolup, "Eý, Perwerdigär, bize ine, şu dünýäde bergin" diýdi. Edil onuň üçin Ahyretde hiç hili nesibe ýok.

201. We olaryň arasynda şeýle adamlar hem bar bolup, "Perwerdigär-ä, bize bu dünýäde hem ýagşylyk eda etgin, ahyretde hem ýagşylyk bergil we bizi jähennem azabyndan gora" diýdiler.

202. Ine, şol adamlara eden ybadatlary (haj, dogalary) şerapatyndan nesibe bar. Alla tiz hasap-kitap ediji zatdyr.

203. Sanagly günlerde Alla adyny zikr ediň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Zulhiçje aýynyň 11,12,13 günleri nazarda tutulýar. Bu günlerde hajylar Mina diýen ýerde durup, Alla adyny gaýtalap, doga-dilegler edýärler we şeýtana lagnat daşyny oklaýarlar.

Kim howlugyp, iki günde zikr aýtmagy goýsa, oňa günä ýok, kim soňa (üçünji güne hem) galsa, oňa-da günä ýokdur. (Ýörite hökümler) takwa kişiler üçindir. Alladan gorkuň we biliň, kim, siz, şübhesiz, Onuň öňünde ýygnanjaksyňyz.

204. Adamlar arasynda şeýle kimseler bar bolup, onuň geplän gepi, durmuşy dünýäde size gyzykly duýulýar. We özi (Yslama) ganym husymatçy bolsa-da, kalbyndaky "imanyna" Allany güwä getirýär.

205. (Ýanyňyzdan) gidenden soň bolsa, ýerde bozuklyk ýaýradyp, ekin we nesilleri ýok etmek üçin ýüwrüp - ýelip ýörýär. Alla bolsa, bozgakçylygy-pisaty söýmeýär.

206. Haçan oňa: "Alladan gorkgun" diýilse, ony ýaman höwesleri günä itekleýär. Oňa jähennem bäs geler. Nähili ýaman ýer!

207. Adamlaryň arasynda Alla razylygy ýolunda öz janyny berýän ynsanlar hem bar. Alla bendelerine gamhordyr, mähribandyr.

208. Eý, möminler, doly halda Yslama giriň! (Ýagny, yslamyň käbir hökümlerine etagat edip, käbirlerine boýun bolmaýan kimselerden bolmaň).

We şeýtanyň yzyna düşmäň! Şübhesiz, ol siziň açyk duşmanyňyzdyr.

209. Eger size anyk deliller gelenden soň hem dänseňiz, biliň, elbetde, Alla gudratly, hikmetli hökümdardyr.

210. Olaryň (hak ýoluny inkär edýänler) göwnüne, meger, olara bulutdan bolan saýawan astynda Alla we perişdeler gelýär-de, iş tamam bolýar. We ähli işler Alla dolandyrylýar,

211. Beni Ysraýyldan soraň (eý, Muhammet), olara näçe-näçe açyk mugjyzalar berenimizi! Kim Allanyň nygmaty geleninden soň, ony özgertse (oňa), elbetde, Allanyň jezasy berkdir.

212. Küfr ýoluny (ýaman ýoly) tutan kimseler üçin pany dünýä owadan edildi. Olar iman eýeleriniň üstünden gülýärler. Bilmeýärler, kyýamat gününde takwa zatlar (halal ynsanlar) olardan belentdir. Alla özi islän kişilerine hasapsyz rysk berýär.

213. Adamlar bir milletdirler. Soň (aralarynda düşünişmezlik peýda bolandan soň), Alla (möminlere) hoşhabar alyp barýan we (dinsizleri jähennem azabyndan) gorkuzýan pygam- berleri iberdi. We olara goşup, adamlar arasynda dörän dawalar hak ýoly bilen çözülsin diýip, Hak kitaby (Töwrat, Injili) hasyl etdi. Indi açyk aýatlar geleninden soň, diňe şu kitap berlen kimseler hetlerinden aşyp, dawalaşdylar. Soňra Alla öz ýalňyşyna düşünen möminleri - olary (kitap berlen kimseleri) dogry hak ýola ýollady. Alla islän kişilerini dogry ýola ýollaýandyr.

214. Ýa-da (eý, möminler), sizden öň geçen zatlaryň (ynsanlaryň)-göreldesi size gelip ýetmän, jennete girmegi oýladyňyzmy? Olara bela we musybatlar üsti-üstüne gelip, şeýle

lerza düşüpdiler kim, hatda pygamber we imanly kişiler: "Ahyrsoňy Allanyň kömegi gelýär diýipdiler. (Şonda) olara şeýle jogap bolupdy: "Ägä boluň kim, Allanyň kömegi ýakyndyr".

215. Sizden (eý, Muhammet), nämeleri yhsan etmegi soraýarlar. Aýdyň: "Nähili ýagşylyk etseňiz, ata-enä, dogan-garyndaşa, ýetim-ýesirlere we ýolagçy-mysapyrlara ediň. Nähili ýagşylyk etseňiz, şübhesiz, Alla ony bilijidir".

216. Size ýaramasa-da, jeň etmegiňiz parz edildi. (Şunlukda) siziň özüňiz üçin ýagşy bolan närsäni gowy görmezligiňiz we siz üçin ýaman bolan närsäni ýagşy görmegiňiz mümkin. Alla bilýändir, siz bilmersiňiz.

217. Sizden "şahry-haram" - uruş haram bolan aýda jeň etmek hakynda soraýarlar. Aýdyň: "Ol aýda jeň etmek uly günädir. Allanyň ýolundan dönmek, Oňa ynanmazlyk we Metjit-ul-hyramdan (ýagny, Mekgeden) dönmek we ondan adamlary kowup çykarmak Allanyň öňünde uly günädir. Pitne (aldamak) öldürmekden-de ulurak günädir. Olar (kapyrlar) ellerinden gelse, tä diniňizden dönderýänçäler, siz bilen urşarlar. Sizden kim öz dininden dänip, dinsiz bolup ölse, onuň ýaly kimseleriň eden amallary ahyretde bihuda gider, olar jähennem eýeleridir we onda ömürlik galjaklar.

218. Iman getiren, (watanlaryndan) aýra düşen, Alla ýolunda göreşen ynsanlar - ine, şolar Allanyň rahmetinden umydygärdirler. Alla magrypat we rehim-şepagat edijidir.

219-220. Sizden arak (içgi we humar) hakynda soraýarlar. Aýdyň: "Bularda hem gaty günä, hem adamlar üçin az peýda bar. Bularyň günäsi peýdasyndan ulurakdyr".

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam gelen döwürde içgi içmek, humar oýnamak ýaly häsiýetler jemgyýetiň durmuşyna siňip giden adaty işlerdi. . Ýagny, bu haram zatlary musulmanlaryň ellerinden çekip almakdan öňürti,

göwunlerinden çekip aldy. Şu sebäpden, soňrak iýnen "Içgi, humar-şeýtan amalyndan bolan haram närselerdir" diýen aýat hasyl bolmagy bilen musulmanlar bu beladan gutuldylar.

We sizden (eý, Muhammet), nämeleri yhsan etmegi soraýarlar: "Özüňizden artanyny" diýip jogap beriň! Şeýdip, dünýä we ahyret hakynda düşünje almagyňyz üçin Alla size aýatlaryny beýan edýär. Sizden ýetimleriň (mallary) hakynda soraýarlar. Aýdyň: "Olary islah etmek ýagşydyr. Eger (mallaryňyzy) olaryň (mallary) bilen goşsaňyz (zeleli ýok). Megerem, olar ýoldaşlaryňyzdyr: Alla kimiň bozgak, kimiň oňlaýjydygyny -islah edijidigini bilýär. Eger islese, sizi kynçylyga salardy. Alla gudrat we hikmet eýesidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam dini ýetim-ýesirleri ogullyga almagy buýurýar. Bu aýat olaryň ata-enelerinden miras bolup galan mallaryna nähili mynasybetde bolmak lazymlygy hakyndadyr. Musulmanlaryň öz perzent-ligindäki ýetimleriň mallaryny nähili sarp edýändiklerine göz-gulak bolup durmagyny Gurhan "islah" diýip atlandyryp, şeýle etmäge buýurýar we olaryň mallaryny öz mallaryna goşmaga hem rugsat berýär. Şeýle etmek bilen ýetimleriň öz bagtyny gözleýändiklerini hem, öz peýdala-ryny oýlaýandyklaryny hem, Alla, elbetde, bilýändir.

221. Tä imana gelmeýänçä, gaýry dinden bolan aýallara öýlenmäň! Şübhesiz, azat gaýry dinli aýaldan eger ol size ýarasa-da – imanly çory ýagşyrakdyr. Tä imana gelmeýänçä, gaýry dinli ärlere gyz bermäň!

Şübhesiz, azat gaýry dinli erkekden - eger ol size ýarasa-da – imanly gul ýagşyrakdyr. Olar gaýry dinliler jähenneme çagyrýarlar. Alla öz idin-eradasy bilen jennete ýol başlaýar'. We adamlaryň düşünje almagy üçin öz aýatlaryny beýan edýär.

222. Sizden aýbaşy hakynda soraýarlar. Aýdyň: "Ol ejirli närsedir.

Bes, aýbaşy wagtynda aýallaryňyzdan aýra boluň we tä gutarýançä, olara ýakynlaşmaň! Päk bolanlaryndan soň, olara Alla buýran tarapdan baryň!

Elbetde, Alla toba edýänleri we özlerini mydam päk tutýanlary söýýär.

223. Aýallaryňyz zyýaratgähiňizdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu sözler bilen Gurhan är-aýalyň ýakynlaşmagyndan perzent talap etmegi yşarat edýär.

Bes, zyýaratgähiňize islän wagtyňyza ýakynlaşyberiň we özüňiz üçin ýagşy amallar tagzym ediň! Alladan gorkuň we bilip goýuň, siz Oňa gapma-garşy bolarsyňyz, ýagny ýüzleşjeksiňiz. (Eý, Muhammet), imanly kişilere (jennet) hoşhabaryny ýetiriň!

224. Ýagşylyk etmek, takwa bolmak we adamlaryň arasyny islah etmek (ýaly amallardan böwetleýän) kasamlaryňyz üçin Allany bahana etmäň!

Alla eşidiji, bilijidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Käbir kişilere bir ýagşy amaly etmek hakynda aýdylsa, "Janym bilen ederdim welin, şu işi etmejekdigime Allanyň adyndan kasam içipdim-dä" diýip bahana tapýarlar. Ýokardaky we aşakdaky aýatlar şeýle adamlara jogapdyr.

225. Alla sizi dilden eden bihuda kasamyňyz üçin däl-de, belki, kalblaryňyz bilen eden närsäňiz (kasamyňyz) üçin jezalandyrýar. Alla rehimli we mähribandyr.

226. Aýallaryndan kasam bilen ýüz öwren kişiler üçin dört aý möhlet bar. Eger (şu möhlet içinde aýallaryna) dolansalar ýagşydyr. Elbetde, Alla, şübhesiz, mähribandyr, rehimlidir.

227. We eger talak etmegi niýet eden bolsalar, bes, elbetde, Alla eşidijidir, bilijidir

DÜŞÜNDIRIŞ. Hatynlaryna ýakynlaşmazlyga ant içen kişilere dört aýlap olara ýakynlaşmak mümkin. Bu ýagdaýda nika baky hasaplanyp, kasamlaryny bozanlary üçin (öwez, jerime) töleýärler. Eger şu wagt içinde

hatynlaryna ýakynlaşmasalar, mutdet-wagt gutarandan soň, nika öz-özünden bozulyp, talak düşýär.

228. Talak edilen aýallar üç aýbaşy dowamynda özlerine gözegçilik edýärler. Eger Allaga we Ahyret gününe ynansalar, olar üçin ýatgysynda Allanyň ýaradan närsesini (hamylany ýa-da aýbaşyny) gizlemekleri halal bolmaýar. Eger giýewleri islahy (maşgalany düzetmegi) isleseler, şu wagt içinde olary gaýtaryp (nikalaryna) almaga haklydyrlar. We ýagşy amallarda olar (aýallar) üçin boýnundaky borçlary (ärleriniň öňündäki borçlary) barabarynda hukuklary hem bar. We erkekler üçin bir dereje imtiýaz - pursat bar. Alla gudrat we hikmet eýesidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam talak edilen aýalda nesil gatyşyp gitmezligi üçin üç aýbaşy dowamynda özüne gözegçilik edip, gorap, başga bilen durmuş gurman saklanmagy buýurýar. Şu möhlet geçenden soň, göwrede çaga ýoklugy röwşen bolýar we ol aýal äre çykmaga haklydyr. Eger göwreli bolsa, hamyladardygy mälim bolsa, çaga doglup, kipas wagty geçenden soň, başga bilen durmuş gurmak bolýar. Ine, şu garaşmak wagtyny "ydda" diýip atlandyrýarlar. Şu ydda esasynda är eden işinden puşman bolup, ýaraşmagy islese, muňa onuň haky bar. Indi är-aýalyň maşgala durmuşyn-daky borç we hukuklary deň bolup, diňe äriniň artykmaçlygy onuň maşgala başlygy üçindir.

229. Talak iki mertebedir. Soňra (maşgalany) ýagşylyk bilen saklamak ýa-da abraý bilen boşatmak lazym. We siziň olara (aýallaryňyza) beren närseleriňizden bir närsäni gaýtaryp almagyňyz dürs däldir. Diňe är-aýal Allanyň buýran (maşgala barasyndaky) kada-kanunlaryny berjaý edip bilmeris öýdüp gorksalar, onda (dürsdür). Bes, eger olaryň (är-aýalyň) Allanyň buýran kanun-kadalaryny ýerine ýetirip bilmezliklerinden gorksaňyz, ol halda hatynyň (ärinden aýrylyşmak üçin) öwez talap edişinde (ýagny, hatynyň öwez soraşmagynda, äriň şu öwezi tölemeginde) olar üçin günä ýokdur. Bu Allanyň kanun-çäkleridir.

Bes, olardan ýowuzlyk edip geçmäň! Kim Allanyň çäklerinden ýowuzlyk edip çyksa, ine, olar zalymlardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şerigat hökümine görä, maşgala nika gyýmak bilen düzülip, eger är-aýaldan biriniň wepat etmeginden başga nähilidir sebäp bilen aýrylyşmak gerek bolsa, nika talak arkaly bozulýar. Ýöne Yslamda talagy-maşgalany bozmagy Allanyň söýmeýändigi tassyklanýar. We talak hukugy erkege berlen, çünki tebigatynda erkekler aýallara görä ýokarydyr, her bir işiň netijesini oýlap edýän we maşgalany agyr-ýeňil günlerde sabyr-takat bilen ýäredýän kişilerdir. Mundan daşary üç mertebä çenli gaýtadan ýaraşmaga rugsat berlen, çünki käte gahar edilip,

oýlanmazdan berlen talakdan soň äriň hem, hatynyň hem ökünmegi mümkin, beýle rugsat şeýle puşman halatynda kömege gelýär. Ýöne aýrylyşmak anyk bolan halda hem Yslam, gelşikli ýagdaýda aýrylyşmaga, ýagny, är-aýal bir-birini bihormat etmän, hususan, aýal adamy başgalar nazarynda garalaman, (oňa soň başga äriň hyrydar bolmagyny göz öňünde tutmak bilen) we oňa nika sebäpli berlen galyňdan - özüni ärine bagyşlany üçin berlen öwezden - bir zat hem alyp galman aýrylyşmak buýrulýar. Ýokardaky aýatda şerigatdaky ýene bir höküm - eger aýal äri bilen ýaşap bilmejegine gözi ýetip, ondan talak sorasa we bu talak üçin islendik mukdarda öwez tölemegi talap etse, äriň bu öwezi kabul etmeginiň hökmanlygy hem beýan edildi.

230. Indi eger ony (üçünji mertebe talak etse, ol aýal tä başga är bilen durmuş gurýança, owalky ärine halal bolmaýar). Soň (soňky är hem) talak etse, bu halda Allanyň buýran kada-kanunlarynyň berjaý ediljegine-de ynansalar, bir-birlerine dolanmaklarynyň günäsi ýokdur. Bular Allanyň çäkleridir, bulary bilimli kişiler üçin beýan edýär.

231. Haçanda hatynlaryňyzy talak etseňiz we olaryň ydda wagty (aýbaşysy gelýänçä) dolsa bes. olary ýagşylyk bilen alyp galyň ýa-da ýagşylyk bilen ugradyň. Olara zulum edip, zorluk bilen saklamaň.

Kim şeýle etse, özüne zulum edijidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Mälimki, talak edilen aýal yddasy dolansoň, başga äre çykmaga haky bar. Şonuň üçin hatynlaryny talak eden erkeklere olaryň yddalary dolmanka, ýene gaýtadan nikalaşmaga rugsat edilýär.

Allanyň aýatlaryny oýun diýip bilmäň! Allanyň size beren nygmatyny we size wagyz-nesihat edip hasyl eden Kitabyny we Hikmetini ýadyňyzda saklaň! Alladan gorkuň we bilip goýuň, elbetde, Alla hemme zady bilijidir.

232. Haçan ki aýallaryňyzy talak etseňiz we olaryň ydda mütdetleri dolsa, onda (eý, ata-eneler) özara ýagşylyk bilen düşünişen bolsalar, olaryň ärine gaýtadan nikalanmagyna garşylyk görkezmäň. Bu hökümlerden siziň araňyzdaky Allaga we Ahyret gününe ynanýan ynsanlar wagyz-nesihat alýarlar. Bu höküm (ýagny, är-aýalyň ýaraşmagyna päsgel bermezlik) siz üçin iň täze we päkleýji hökümdir. Alla biler, siz bilmersiňiz.

233. Eneler çagalaryny doly iki ýyl emdirýärler. Bu höküm emdirmegi nogsansyz etmekçi bolanlar üçindir. Olary ýagşylyk bilen iýdirip-geýdirmek atanyň borjudyr. Hiç kime tagatyndan başga zat teklip edilmeýär. Çagalary zerarly ata hem, ene hem zelel çekmesin.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şerigat hökümine görä, ene eger özi islemese, çagasyny emdirmäge mejbur edilmeýär. Onda bir enekä hak töläp, çagany emdirdýär. Ýokarda "çagasy zerarly ene zelel çekmesin" diýen gepiň manysy enäniň özi islemese, çaga emdirmäge mejbur etmäň diýildigidir. Indi bolsa, "çaga sebäpli ata zelel görmesin" diýildigi, oňa hatyn tarapyndan tagatdan daşary talap goýulmasyn diýildigidir.

Mirasdar - warys boýnunda hem edil şeýle borç bar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Çaganyň atasy ölse, mirasdar bolan şahsyň boýnunda wepat eden atanyň boýnunda duran çaganyň enesini iýdirip-geýdirip, çagany emdirýän enekä hak tölemek ýaly wezipeler galýar.

Eger (ata-ene) özara ylalaşyp, maslahat bilen süýtden aýyrmakçy bolsalar, günäkär bolmaýarlar. Eger çagalaryňyzy (enekä) emdirtmekçi bolsaňyz, hakyny ýagşylyk bilen doly töläp dursaňyz, günäkär bolmarsyňyz. Alladan gorkuň we biliň, elbetde, Alla edýän amalla-ryňyzy görüjidir.

234. Sizden (musulmanlardan) wepat eden kişileriň biriniň hatyny yzynda galan bolsa, olar dört aý on gün özüni barlap (ydda saklap) duryarlar. Indi haçan (ydda) wagty dolsa, olaryň öz bähbitleri üçin ýagşylyk bilen eden işlerinde siziň (ýagny, ölen äriň tohum-tijiniň) öňüňizde günäsi ýokdur. Alla edýän işleriňizden habarlydyr.

235. Ol aýallara (ýagny, äri ölüp, ydda saklap ýeren aýallara) sawçylygy pikir etmegiňizde ýa-da içiňizden (sawçylyk hakynda) oýlanmagyňyzda siz üçin günä ýok. Alla siziň ol aýallar barada (sawçylyk hakynda) pikir edýäniňizi bildi. Ýöne olar bilen gizligin wadalaşmaň! Diňe ýagşy gep bilen sözleşiň. Tä ydda wagty bitmeýänçä, nikalaşmaga het etmäň!

We biliň, elbetde, Alla içiňizdäki pikiri bilýär. Bes, onuň (azabyndan) ätiýaçly boluň! We biliň, elbetde, Alla rehimli we mähribandyr.

236. Eger aýalyňyza el gatman ýa-da olar üçin galyň-töleg belgilemän talak etseňiz, siz üçin günä ýokdur. We (bu halda) olary mal-döwletiň bar bolsun, ýok bolsun, ýagşylyk etmek bilen boldugyndan peýdalandyryň! (Bu höküm) ýagşylyk edijileriň boýnuna borç boldy.

237. Eger olary galyňyny kesgitläp goýan halyňyzda el gatmazdan öň talak etseňiz, kesgitlenen galyňyň ýarysy boýnuňyzdadyr. Meger, olar (ýarym galyňy almakdan) geçse ýa-da nika elinde bolan zat, ýagny är (özüne gaýdan ýarym galyňdan) geçse, (ýagny, ähli galyňy tölese bolýandyr). Geçmek takwalyga ýakynrak işdir. Biri-birleriňize mähir-sylaşykly bolmagy unutmaň.

238. Ähli namazlary we esasan günorta namazy - öz wagtynda berjaý ediň! We Alla üçin boýun synan halda duruň!

239. Indi eger (duşman hüjüminden) howpda galsaňyz, pyýada ýa-da atly halda (ybadat ediberiň)! Haçan hatyrjem bolanyňyzdan soň, Alla nähili öwreden bolsa, şeýle halda Alla adyny zikr ediň!

240. Wepat eden kişiler hatynlaryny galdyran bolsalar (ölümlerinden öň), hatynlaryna bir ýyla çenli (äriniň öýünden) çykarylman peýdalanýan mukdardaky närsäni weset etsinler. Eger olaryň (hatynlaryň) özleri çykyp gitseler, ol hatynlaryň öz bähbitleri üçin eden amallary sebäpli size (äriň golaýlaryna) günä ýokdur. Alla gudratly, hikmetli zatdyr.

241. Talagy berlen aýallara ýagşylyk bilen ýardam etmek takwa ärleriň boýnundaky borçdur.

242. Ine, şeýdip, akyl ýetirmegiňiz üçin Alla size öz aýatlaryny beýan edýär.

243.Ölümden gaçyp, öz diýarlaryndan çykan müňlerçe kişiniň hal-habaryny bilmediňizmi? Bes, Alla olara: "Ölüň!" diýdi. (We olar öldüler). Soňra olara ýaşaýşy eda kyldy. Elbetde, Alla adamlara fazly-kerem kylyjydyr. Emma juda köp adamlar şükür etmeýärler.

244. Allanyň ýolunda jeň ediň we biliňler. Alla eşidiji hem bilijidir.

245. Alla ýoluna ygtyýary karz edenlere biz birnäçe esse edip gaýtarjakdyrys. Biliň, ryskyňyzy giň edýänem, dar edýänem Alladyr.

We özüňizem Oňa gaýtjaksyňyz.

246. Beni Ysraýyldan bolan Musadan öňki bir jemagatyň hal-habaryny bilmediňizmi? Haýsy ki, olar özleriniň (Şamgun atly) pygamberlerine: "Biz üçin bir patyşa beriň, biz (onuň bilen bile) Alla ýolunda jeň edeli" diýdiler. "Eger size uruş parz edilse, belkem,

uruşmarsyňyz?" - diýdi pygamber. Olar aýtdylar: "Topragymyzdan

kowlup, aýrylyp ýörüs, näme üçin Alla ýolunda uruşmaly dälmiş?"

Haçan-da olara uruş parz edilenden soň, azajyk kişiden başga hemmesi ýüz dönderdiler. Alla zulum edýänleri bilijidir.

247. Pygamber aýtdy: "Ine, Alla size Toluty patyşa edip berdi".

"Ol nädip bize patyşalyk etsin, biz patyşalyga ondan haklyrakdyrys.

Galyberse-de mal-dewletem berilmändir" diýdiler. Pygamber aýtdy:

"Elbetde, Alla ony siziň üstüňize saýlady we onuň ylymda we jisimde kuwwatyny artyk etdi. Alla mülküni Öz islän kişisine berýär". Alla mähirli, keremi kän, bilijidir.

248. Pygamber olara aýtdy: "Onuň patyşa saýlananynyň alamaty - size bir gämi getirmekdir, onda Perwerdigäriňiz tarapyndan ha-tyrjemlik we Musa we Harun maşgala- laryndan galan miras bar bolup, perişdeler göterip durýarlar. Eger dogrudan hem, iman eýeleri bolsaňyz, şübhesiz, bu wakada siz üçin aýat-alamat bardyr.

249. Haçan-da Tolut nökerleri bilen (şäherden) çykandan soň aýtdy:

"Elbetde, Alla sizi bir derýa bilen synap görýär. Bes, kim ondan suw içse, meniň (esgerim)den däl we kim ondan datmasa, ol meniňkidir, eli bilen bir owuç alandan özgesi". Bes, ol derýadan käbirlerinden başga hemmesi içdi. Ol iman getiren kişiler bilen bile derýadan geçenden soň,(esgerler) aýtdylar: "Indi bu gün Ja-lut we onuň leşgerlerine güýjümiz ýetmez". (Şonda) Alla bilen ýüzbe-ýüz boljaklar: "Birnäçe kiçiden-kiçi toparlar Allanyň kömegi bilen uly toparlary ýeňipdirler. Alla sabyr edýänler bilen biledir" diýdiler.

250. Haçan-da Ja-ludyň we onuň leşgeriniň öňünde durkalar aýtdylar:

"Perwerdigär, üstümizden sabyr-takat ýagdyrgyl, gadamlarymyz berk bolsun we bize bu dinsiz kowumdan üstün çykmaga kömek et!"

251. Bes, Allanyň idini bilen olary ýeňdiler. We Dawut Ja-ludy öldürdi. We Alla oňa (Dawuda) patyşalyk, pygamberlik we Özi islän närselerinden tälim berdi. Eger Alla adamlary., birewlerini birewleri bilen dep edip durmasa, onda, ýer weýrançylyga duçar bolýar. Ýöne Alla ähli älemler üstünden bagty kerem sahybydyr.

252. Bular Allanyň aýatlarydyr. Olary size haky rast bilmek üçin öwretdik. We siz (eý, Muhammet), şek-şübhesiz, pygambersiňiz.

253. Şol pygamberleriň birewlerini birewlerinden parhly etdik.

Olaryň arasynda Allanyň dogry sözleşenleri bar. We (olaryň) käbirlerini Alla ýokary derejä göterdi. Isa - Meremiň ogly Isaga ýagty deliller berdik we ony Ruhul-Kuds (Jebraýyl) bilen kuwwatlan-dyrdyk. Eger Alla islände, ol pygamberlerden soň geçen adamlar hüjjet-deliller geleninden soň uruşmazdylar. Emma olar aýrybaşga boldular.

Bes, olaryň arasynda möminler hem bar, kapyrlar hem bar. Eger Alla islän bolsa, uruşmazdylar, ýöne Alla özüniň islän işini edýär.

254. Eý, möminler, almak-satmak, aşnalak, dostluk we aklaw bolmaýan Gün gelmezden öňürti size rysk edip beren närselerimizden iýip-içiň, haýyr-yhsan ediň! Dinsiz kimseler diňe zulumkärlerdir.

255. Alladan özge hiç hili taňry ýok. Diňe Onuň özi bardyr. Ol diri we ebedi durujydyr. Ony ne ysgynsyzlyk, ne uky alyp biler. Gökdäki, ýerdäki bar närseler Onuňkydyr. Onuň öňünde hiç kim (birewi) Onuň islegi bolmasa, aklap bilmez. Ol olaryň (ähli adamlaryň) öňünden we soňundan (boljak - bolmajak zatlary) bilýär. We olar Ol zadyň - Allanyň ylmyndan diňe islän närselerini bilip bilýärler.

Onuň tagty gökden we ýerden giňdir. We Ony asmanlary we Ýeri gorag-hemaýatda saklap durmak gynamaýar. Ol iň beýik we gudratlydyr.

256. Dine zorlap (girizmek) ýokdur. (Indi) hak ýol zelalatdan-nähaklykdan aýrybaşga ýol boldy. Bes, kim şeýtandan ýüz dönderip, Alla iman getirse, ol hiç bölünip gitmeýän pugta halkany tutandyr, Alla eşidiji, bilijidir.

257. Alla möminleriň dostudyr. Olary garaňky zulmatdan ýagty nura çykarýar. Dinsizleriň, dostlary bolsa, şeýtanlardyr.Olar dinsizleri ýagty-nurdan garaňky-zulmatlara çykarýarlar. Ine, şolar jähennem eýeleridir we onda ebedi galjaklar.

258. Allanyň patyşalyk bereni Ybraýym bilen Perwerdigäri hakynda jedelleşen kimsäniň (Nemrudyň) hal-habaryny bilmediňizmi? Haýsy ki Ybraýym: "Perwerdigärim dirildýän, öldürýän zatdyr" diýeninden, ol: "Men (hem) dirilderin we öldürerin" diýdi. Ybraýym aýtdy: "Elbetde, Alla güni Gündogardan çykarýar. Sen ony Günbatardan çykaryp ber hany?" Şonda bu inkär ediji ejizläp galdy. Alla zalym kimseleri hidaýat etmeýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Nemrud Ybraýym alaýhy-s-salama: "Seniň bize ündeýän Perwerdigäriň nähili zat?" diýende, Ybraýym pygamber: "Perwerdigärim öz bendelerine jan berip, jan alyjydyr" diýdi. Şonda Nemrud "Bu meniň hem elimden gelýär" diýip, iki adamy getirdi-de, birini öldürip, birini goýdy. Ybraýym alaýhy-s-salam onuň akmaklygyny görüp: Meniň Perwerdigärim Kuýaşy gündogardan çykarýar, eger sen, dogrudan hem, gudratly bolsaň, ony günbatardan çykar-da?!" diýdi. Şonda Nemrud jogap tapman, lal bolup galdy.

259. Ýa-da ýene biri hakyndaky tymsaly bilmediňizmi? Ol öýleri ýykylyp, guwlap-gugaryp galan obanyň deňinden geçip barýarka: "Alla bu harap bolan obany nähili dirilderkä?" diýdi. Şonda Alla ony ýüz ýyl möhlet bilen öldürdi. Soňra dirildip sorady: "Näçe möhlet

(öli ýagdaýda) ýatdyň? "Bir gün ýa-da ýarym gün" diýdi ol. Alla diýdi: "Ýok, ýüz ýyl ýatdyň. Tagam we içimligine seret - şol durşy. Indi eşegiňi (çüýräp, sünkleri bölünip gidenini) görgün. (Bu hadysany Allanyň gudratyny görkezmek) we seni adamlar üçin görelde-görüm etmek üçin (getirdik). Bu süňkleri nähili toplap, soň olary et bilen gaplaýşymyzy görgün. Haçanda oňa bu närseler anyk görnenden soň: "Elbetde, Allanyň hemme zada kadyrdygyny bilýärin" diýdi.

260. Ýatlaň (eý, Muhammet), Ybraýym: "Perwerdigär, maňa ölüleri nädip dirildeniňi görkez" diýeninde, Alla: "Ynanmadyňmy?!" diýdi. Ybraýym aýtdy: "Ýok, ynanýaryn, ýöne ýüregim ýene hem teselli tapmagy üçin". Alla aýtdy: "Dört sany guşy alyp, ýanyňda topla (we olaryň baş, aýak, ganat we perlerini çekip üzüp), soňra bir-birlerine aralaşdyrgyn, soňra her bir dagyň üstüne olary bölek-bölek edip goýgun we şondan soň olary özüňe çagyr, derrew gelerler. Bilgin ki, Alla, şübhesiz, gudratly we hikmetlidir.

261. Alla ýolunda mallaryny ulanyp, yhsan edýän kişiler her sümmülinde ýüz däne bolan ýedi baş sümmül ýalydyr. (Ýagny, edilen bir ýagşylygyň ýedi ýüz esse bolup gaýtjakdygy aýdylýar). Alla islän kişilerine birnäçe esse edip berýär. Alla mähriban, keremi giň, bilijidir.

262. Mallaryny Alla ýolunda harçlap, soňra beren närselerine minnet etmeýän adamlar üçin Perwerdigäriň öňünde uly serpaý bardyr. Olar üçin hiç howp-hatar ýok we olar gamgyn bolmaýarlar.

263. Ýagşy gep we geçirim soňundan azar gelýän sadakadan ýagşyrak. Alla baýdyr we helimdir.

264. Eý, möminler, malyny minnet bilen berýän Alla we ahyret gününe ynanmaýan kimsä meňzäp, beren sadakalaryňyzy minnet

we azar bilen ýoga çykarmaň! Şeýlelikde, onuň mysaly edil bir üsti toprak bolup, ýagyş guýanda, ýalaňaç galan ýylçyr gaýa ýalydyr. (Onuň ýaly men-men mynapyklar ýagşy amallar etdik diýip hasaplaýarlar, emma kyýamat gününde) tapan we harçlan dünýälerinden hiç närsä eýe bolmaýarlar. Alla dinsizlere nazar etmeýär.

265. Malaryny Allanyň razylygyny isläp we kalblarynda pugta ynanç bilen harç edýän ynsanlaryň mysaly edil meýdana sil ýaly guýan ýagyş degenden soň, iki esse hasyl beren baga meňzeýär. Eger oňa sil ýaly guýan ýagyş degmedik bolsa, maýdalap ýagan ýagyş hem ýeterlik bolýar. Alla edýän amalyňyzy görüjidir.

266. Sizden haýsy biriňiz aşagyndan derýalar akyp durýan, hurmadyr üzümli, her dürli miwelerden doly bagy bolup, garrap, ejiz çagalary bilen galan wagtynda, şol bagyny otly boran urup, ýanyp gitmegini isleýär? Şeýdip, pikirlenip, dogry ýoldan ýöremegiňiz üçin Alla size öz aýatlaryny beýan edýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatda Alla tagala yhsan edip, soňundan minnet edýän ýa-da il gözüne yhsan edýän kimseleriň ahyretdäki ahwaly hakynda habar berip, eger olar "eden yhsanymyz üçin jennete bararys" diýip, hantama bolsalar-da, olaryň eden yhsanlaryny minnet tupanynyň uçuryp goýberjekdigini aýdýar.

267. Eý, möminler, kesp-kär edip tapan närseleriňiziň pekizelerinden we biziň siz üçin ýerden çykaran närselerimizden peýdalanyp, yhsan ediň! Yhsan etmek üçin olardan özüňiz göz ýumup, özüňize ýaramajak- gabat gelen pes, näpäklerini saýlamaň! We bilip goýuň, Alla baýdyr we hamdy-sena laýyk zatdyr.

268. Şeýtan sizi (eger haýyr-yhsan, sadaka) etseňiz, garyp galarsyňyz diýip gorkuzýar we günä-haram işlere itekleýär. Alla size öz tarapyndan ýagşylyk we sabyr-kerem (baýlyk) wada edýär. Alla

sabyr-keremi giň we bilijidir.

269. Ol Özi islän kişilerine hikmet (peýdaly bilim) berýär. Kime hikmet berlen bolsa, bes, çäksiz, oňa köp ýagşylyk berlipdir. Wagyz-nesihaty diňe danalar topary alýandyr.

270. Alan her hakyňyzy we öwrenen her bir närsäňizi, şübhesiz, Alla bilýär. We (haýyr-yhsan etmeýän) zalymlar üçin hiç hili kömek ýokdur.

271. Eger sadakalary äşgäre halda berseňiz, örän ýagşy. We eger gizlin edip, garyplara berseňiz - bu özüňiz üçin ýagşyrakdyr. We eden günäleriňize ýeňillik bolýar. Alla edýän işleriňizden habarlydyr.

272. Olary sylaglamak Siziň borjuňyz däl (eý, Muhammet). Belki, Alla Özi islän kişile- rine sylag edýär. Nähili ýagşylyk (mal) haýyr-yhsan etseňizem, bes, özüňiz üçindir. Diňe Alla jemalyny isläp, ýagşylyk, haýyr-yhsan ediň! Eden her bir ýagşylygyňyz size zulum edilmedik halynda özüňize doly gaýtarylýar.

273. (Sadaka-yhsanlar) Allanyň ýolunda biçäre galan, haýsy-da bolsa bir ýere sapar etmäge kadyr bolmaýan, kanagatlary sebäpli, bilmeýän adama baý-döwletli bolup görünýän pukaralar üçindir. Olaryň pakyrlaryny görnüşinden bilersiňiz. Olar azar berip, diläp durmaýarlar.

Nähili ýagşylyk etseňiz, bes, elbetde, Alla ony bilijidir.

274. Mal-dünýäsini gije-gündiz, gizlin we äşgäre yhsan edýänler üçin Perwerdigäriň öňünde uly serpaý bar. Olar üçin hiç hili howp-hatar ýok, olar gamgyn bolmaýarlar.

275. Süýthor bolan kimseler (kyýamat güni gabyrlaryndan) turmaýarlar ýa-da jyn uran ýa akyldan azan ýaly turýarlar. Muňa

sebäp olaryň: "Almak-satmak hem süýthorlygyň özüdir-dä?" diýenleridir. Emma, Alla söwdany halal, süýthorlygy haram edendir. Bes, kime Perwerdigärden nesihat ýetenden soň (süýthorlykdan) togtasa, ol halda owal geçeni özüne we soňky işi Alla (tabşyrylýar). (Ýagny, özi islese, bagyşlar). We kim (süýthorlyga) gaýtsa, şolar jähennem eýeleridir we onda ebedi galjaklar.

276. Alla süýthorlygyň (peýdasyny) ýok edýär we sadakalaryň (peýda-syny) artyk edýär. Alla her hili (süýthorlygy halal diýip bilýän) ärleri we (süýthorlyk edýän) jenaýatçyny söýmeýär.

277. Elbetde, iman getiren, ýagşy amallar eden we namazy doly berjaý edip, zekat berenler üçin Perwerdigär öňünde ýalkanmak bar. Olar üçin hiç hili howp-hatar ýok we olar gamgyn bolmaýarlar.

278. Eý, möminler, Alladan gorkuň we eger çyndan mömin bolsaňyz, süýthorlyk sargytlaryny terk ediň. (Ýagny, adamlara beren karzla- ryňyzdan gelýän peýdany almaň).

279. Indi eger (permanymyzy) etmeseňiz, ol halda Alla we pygamberi tarapyndan yglan edilen urşy bilip goýuň! Eger toba etseňiz, baýlygyňyz özüňize galar. Ynjytmaň, özüňizem ynjamarsyňyz.

280. Eger bergidar çäresiz bolsa, baýynça garaşyň! Eger bilseňiz, (beren karzyňyzy) sadaka edip goýberseňiz, özüňiz üçin ýagşyrakdyr.

281. We (hemme) Alla dolandyrylýan günden ägä boluň! Soňra her jana eden amalyna görä öwez berilýär we olara zulum edilmeýär!

282. Eý, möminler, bir-birleriňiz bilen karz, algy-bergi etseňiz, ýazyp goýuň! Araňyzdan bir kişi adalat bilen ýazsyn! Hiç bir kişi Allanyň öwredişi ýaly ýazmadan ýüz öwürmesin, elbetde, ýazsyn! Boýnunda borjy bolan kişi ýazdyrsyn - Perwerdigäri bolmuş Alladan

gorksun we ol karzdan hiç närsäni kemeldip ýazmasyn! Eger boýnunda karzy bolan kişi akylsyz ýa-da ejiz (ýaş çaga ýa-da örän garry) bolsa, ýa-da (kerligi, güňlügi ýa dili bilmeýänligi sebäpli) aýdyp ýazdyrmaga kadyr bolmasa, onuň ýanyndaky wekili adalat bilen ýazdyrsyn! We özüniň razy bolýan (adalatly) güwälerden iki erkek kişini, eger iki erkek tapylmasa bir erkek bilen iki aýaly - biri unudyp ýalňyşsa, ýene biri oňa ýatladýar - güwä ediň! Güwäler (güwälik üçin) çagyrylanda, ýüz döndermesinler! Ha uly, ha kiçi karz bolsun, aýdylan wagty gelýänçä, ýazyp goýmakdan irinmäň. Ine, şu Alla nazarynda adalatlyrak, güwälik üçin dogrurak we şek-şübhe etmezlige ýakynrak bolan (hökümdir). Ýöne eger araňyzdaky ýöräp duran nagt söwda bolsa, ony ýazmasaňyz-da, siz üçin günä ýokdur. We bir-biriňiz bilen söwda edeňizde, güwä getiriň! We ne oňa, ne güwä zelel ýetmesin. Eger şeýtseňiz (ýagny, olardan birine zelel ýetirseňiz), bu Alla boýun synmazlygyňyzdyr, hormat-syzlygyňyzdyr. Alladan gorkuň! Alla size hak ýoly bildirýär. Alla hemme närsäni bilijidir.

283. Eger saparda bolsaňyz we güwä tapyp bilmesiňiz, (berlen närse öwezine) el bilen tutar ýaly närse alyň! Eger bir-birleriňize amanat goýsaňyz, amanat goýlan kişi amanata hyýanat etmesin, dolandyrsyn we Perwerdigäri - Alladan gorksun! Güwäligi gizlemäň! Kim (güwälikden gaçsa) ony gizlese, bes, elbetde, onuň kalby asy - günäkärdir. Alla edýän amalyňyzy bilijidir.

284. Gökdäki we ýerdäki bar närse (ýer-asman) Allanyňkydyr. Içiňizdäki närsäni isle - äşgär ediň, isle - gizläň, Alla sizden şol zatlar üçin hasap soraýar we Alla tagala islän kişisiniň (günäsini geçip) nazar edip, Özi islän kişisini azaba goýýar. Alla hemme närsä kadyrdyr.

285.Pygamber özüne Perwerdigärinden hasyl edilen närsä iman getirdi we möminler (hem iman getirdiler). Alla, perişdelerine,

kitaplaryna we pygamberlerine iman getirenler: "Onuň pygamberlerinden hiç birini hem aýry tutmaýarys.We"Eşitdik we boýun bolduk. Perwerdigär, günälerimizi geçmegiňi soraýarys. We diňe Özüňe dolanjakdyrys" diýdiler.

286.*Alla hiç bir jandan başarjagyndan aşa närse talap etmeýär. (Her kimiň) eden (ýagşy) amaly özi üçindir we (ýaman) amaly hem özüniň boýnundadyr. Perwerdigär-ä, eger unudan ýa-da hata eden bolsak, bizi azabyňa giriftar eýleme! Perwerdigär-ä, biziň üstümize bizden öňki geçenleriň boýunlaryna goýan ýüküňi ýükleme! Perwerdigär-ä, bizi başarmajak zadymyza zorlama. Bizi bagyşla, günäden halas et, (halymyza) rehim eýle! Özüň Eýämiz sen! Dinsiz kowumlardan üstün çykmaga güýç ber!*

3. IMRANYŇ ÖÝI SÜRESI

Medinede nazyl bolan bu süre iki ýüz aýatdan ybarat bolup, Gurhandaky uzyn sürelerdendir. Onda Medine şäherindäki musulman jemagatynyň hijriýetiň ikinji ýylynda bolup geçen Bedr jeňi bilen üçünji ýylyndaky Uhud jeňi dowamyndaky we ondan soňky döwürdäki durmuşyndan janly bölekler beýan edilýär.

"Imranyn, öýünde" diniň esaslaryndan bolan iki närse doly beýan edilýär. "Birinjisi - Allanyň birligine bagly delil-hüjjetler, ikinjisi - şerigat kanunlary we hususan, Alla ýolundaky göreş - şoňa degişli emriý-permanlar.

"Imranyň öýünde" kitap eýeleri bolan nasranylar dogrusynda söz barýar we olaryň Isa alaýhy-s-salamy Hudaý diýip ynanýandyklarynyň nädogrudygy aýdylýar. Şonuň, ýaly-da, olaryň içinde Gurhany we Muhammet alaýhy-s-salamyň, pygamberdigini inkär edýänleriň hem bardygy aýdylyp, beýle müňkürlere jogap berilýär.

Bulardan daşary, şu sürede şerigatyň ýene başga köpden-köp kadalaryna esas bolan aýatlar hem bar. Onda Meremiň atasy bolmuş Imran we onuň ähli maşgalasy hakyndaky kyssa beýan edileni üçin "Imranyň öýi" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip, Lam, Mim.

2. Alladan başga ylah ýok, diňe Onuň özi bar. Ol diri we ebedi durujydyr.

3-4. Size (Eý, Muhammet), özünden owalky kitaplary tassyklaýjy bolan bu Kitaby (Gurhany) hak bilen ýaratdy. Öň adamlary hak ýola ýollamak üçin Töwrat we Injili inderipdi. (Indi bolsa) hak bilen nähaky aýyrýan (Gurhany) ýaratdy. Allanyň aýatlaryny inkär edýän

kimseler üçin, şübhesiz, gaty azap bardyr. Alla gudrat eýesi we intizam sahybydyr.

5. Elbetde, Alla Ýerdäki we gökdäki bir närse hem gizlin däldir.

6. Ol size (eneleriňiziň) ýatgysynda bolan wagtyňyzda Özi islän suraty beren zatdyr. Hiç bir ylah ýok, diňe, Onuň Özi bar. Ol gudratly, hikmetlidir.

7. Ol size kitap hasyl eden zat bolup, onda (Kitapda) şu Kitabyň asly-mañzy bolan anyk-röwşen aýatlar hem, we başga (kyýamat, jennet, dowzah we şular ýaly hakyndaky) mutaşabyh - düşünmesi kyn bolan aýatlar hem (orun alandyr). Indi kalblarynda hak ýoldan agjak bolan kimseler adamlary aldap, pitnä salmak we öz höwesi nebislerine laýyk tälim - tepsil etmek üçin Onuň mutaşabyh aýatlaryna eýerýärler. Elbetde, onuň ýaly aýatlaryň tälimini ýalňyz Özi biler - Ylymda bilimli bolan kişiler bolsa: "Ol Kitaba iman getirendiris. Hemme aýatlar Perwer-digärimiziň Özünden gelendir" diýýärler. We diňe ähli danalar pent-nesihat alarlar.

8. "Perwerdigär, bizi dogry ýola salanyňdan soň - indi kalblarymyzy hak ýoldan agdyrma we bize Öz ýanyňdan rahmet bagyş et! Elbetde, diňe Sen ähli ýagşylyklary beriji Sen!

9. Perwerdigär, elbetde, Sen, adamlary hiç şek-şübhesiz gelýän bir Güne toplaýjy sen. Elbetde, Alla wadasyna ýalan däldir!"

10. Küfr (günä) ýoluny tutan kimseleriň ne mallary we ne ogullary olary Alla azabyndan gutaryp biler. Olar jähennem odunlarydyr.

11. Olaryň haly edil Firawun adamlarynyň we olardan owal geçen dinsiz kimseleriň haly ýaly bolup, biziň aýatlarymyzy ýalan diýenden soň, Alla olary günäleri bilen tutup, azap berýär. Alla azaby gaty zatdyr.

12. (Eý, Muhammet), günä ýoluny tutan kimselere aýdyň: "Şek-şübhesiz, (bu dünýäde) ýeňlersiňiz we magşar güni jähennemde toplanarsyňyz. Örän ýaman ýer ol!"

13. (Eý, Muhammet), siz üçin biri Alla ýolunda jeň eden, ikinjisi dinsiz bolan iki tarap arasyndaky çaknyşykda göreldeli hadysa bolupdy. Olar (musulmanlar) öz gözleri bilen (kapyrlaryň) iki esse köpdügini görüp durýardylar. Alla bolsa, Özi islän kişilerine ýeňiş bermek bilen goldap, kuwwatlandyrýar. Elbetde, bu wakada pikir eýeleri üçin ybrat-görelde bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Musulmanlar Bedr jeňinde özlerinden birnäçe esse köp bolan Kureýş kapyrlarynyň üstünden ýeňiş gazanandan soň, Medinä gaýdanlaryndan soň, Pygamber alaýhy-s-salam ýahudylary toplap: "Eý, ýahudylar, siz meniň hak pygamberdigimi Töwratdan okap bilipdiňiz. Bes, şeýle bolandan soň, başyňyza kureýşleriň güni düşmezden owal, maňa garşy durmagy bes ediň!" diýdi. Şonda olar: "Sen uruş ylmyndan bihabar bolan bir topar jahyl kureýşlileri ýeňeniň bilen öwünme! Biziň zorlugymyzy biz bilen urşaňda bilersiň" diýip jogap berenlerinde, ýokarky aýatlar hasyl boldy.

14. Adamlara aýallar, çagalar, tükeniksiz altyn-kümüş baýlyklar, bahasy (gymmat) zatlar, mal we ekin-dikinler ýaly isleg-arzuwlara göwün goýmak zynat edip görkezildi. Elbetde, bu närseler dünýäniň ötegçi närseleridir. Allanyň alnynda bolsa, iň gözel sogap - jennet bardyr. (Ýagny, ötegçi närselere göwün bermän, hakyky gözelligi söýmek lazym).

15-16-17. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Size bulardan ýagşyrak närse hakynda habar bereýinmi?" Takwa kişiler üçin Perwerdigär alnynda olar ebedi galýan, teýinden derýalar akyp durýan baglar, päkize jübütler we Allanyň razylygy bar. Alla: "Perwerdigär, biz saňa iman getirendiris, indi günälerimizi geçip, bizi jähennem azabyndan gora!" diýýän, sabyr-kana-gatly, imanlaryna sadyk, ybadat-etagatly, haýyr-yhsanly bolan we säherlerde Alladan medet dileýän

bendelerini görüp durujydyr.

18. Allaga, perişdeler we ylym adamlary adalat bilen höküm ediji ýalňyz Alladan özge hiç hili taňrynyň ýoklugyna, diňe Onuň Özüniň barlygyna güwälik berdiler. Hiç hili ylah ýok, diňe Onuň özi bar. Ol gudratly, hikmet eýesidir.

19. Elbetde, Alla alnynda makul bolýan din diňe Yslam dinidir. Ähli kitaplar (ýahudy we nasranylar) olara (yslam we Muhammediň hak pygamberligi hakynda) hüjjet geleninden soň, diňe özara hasad-adawat edenleri sebäpli dalaşyp-dartyşdylar. Kim Allanyň aýatlaryny inkär kylsa, onda elbetde, Alla tiz hasap-kitap ediji zatdyr.

20. Eger Siz bilen (din hakynda) çekişseler: "Men we maňa boýun bolan kişiler özümizi Alla tabşyrdyk. - Oňa boýun syndyk" diýip aýdyň! Soň ähli kitap berlenlerden we (kitap berilmedik) köpçülik butparazlardan: "Yslama girdiňizmi?" diýip soraň! Eger yslama girseler, hak dogry ýoly tapypdyrlar. Indi eger ýüz öwürseler, ol halda Siziň boýnuňyzdaky närse diňe ýetirmekdir. Alla bendelerini görüp durujydyr.

21. Allanyň aýatlaryny inkär edýän, pygamberleri nähak öldürýän we adamlar arasynda adalata çagyrýan zatlary (musulman ynsanlary) öldürýän kimselere, elbetde, eziji azap "hoşhabaryny" ýetiriň!

22. Olaryň eden amallary bu dünýä-o dünýä bihuda - gury gider we olar üçin hiç hili kömekçi ýokdur.

23. (Eý, Muhammet), Kitapdan (Töwratdan) nesibeli bolan kimseler aralarynda häkimlik kylsyn diýip, Allanyň kitabyna çagyrylanlary, soňra olardan bir toparynyň ýüz öwren hallarynda, burlup gidenlerini görmediňizmi?

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, ýahudylar özlerinden bolan iki zynakäri Pygamber alaýhy-s-salamyň alnyna getirip, höküm etmegini soranlarynda, ol daş ýagdyrmagy buýran. Olar bolsa: "Biziň dinimizde zynakäriň ýüzüne gara çalyp, köçä aýlaýarlar" diýip aýak direýärler. Şonda Töwrat kitaby getirip görseler, onda hem daş ýagdyrmak buýrulan bolup çykýar we jenaýatçylar etmişlerine görä jeza alýarlar. Bu hökümden närazy bolan ýahudylar ýüz öwrüp, çykyp gidenlerinde ýokarky aýat hasyl boldy.

24. Muňa (ýagny, adalatly hökümden ýüz öwürmeklerine) sebäp, olaryň

"Bize diňe sanagly günlerde dowzah oda degýär" diýmekleridir. Özleriniň tapan bu ýalanlary olary dinlerinden azaşdyrdy.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýahudylar: "Biz diňe ejdatlarymyzyň gölä sygnan kyrk gününiň dowamynda dowzahda bolarys, soňra bolsa, elbetde, jennete girýäris" diýip, dawa edýärler.

25. Indi olary hiç şek-şübhesiz gelýän GÜN-ýe jemlänimizde we her bir jana eden amallaryna mynasyp jeza berleninde nähili bolarka?!

26. Aýdyň: "Eý, mülk, döwlet eýesi bolan, Allam, Sen isläń kişiňe mülk eda kylar sen, we isläń kişiňden bu mülki alar Sen, isläń kişiňi eziz eder Sen we isläń kişiňi har kylar Sen. Bar ýagşylyk ýalňyz Seniň eliňdedir. Elbetde, Sen hemme närsä kadyr Sen.

27. Gijäni gündize girizýärsiň we gündizi gijä girizýärsiň, ölüden dirini çykarýarsyň we diriden ölini çykarýarsyň hem-de isläń kişiňe bihasap rysk berýärsiň".

DÜŞÜNDIRIŞ, Bu aýatda gije-gündiziň uzalyp-gysgalyp, durýandygy we öli şänik, ýumurtga ýaly zatlardan agaç, ösümlik, guş-towuk, ynsan ýaly janly-jandarlaryň peýda bolmagy ýa-da, tersine diri jandardan ýumurtga ýaly jansyz zatlar çykmagy - bularyň hemmesiniň ýalňyz Allanyň emri bilen bolýandygy duşündirilýär,

28. (Diýmek, ähli iş - ähli mülk Allanyň elinde eken). Möminler möminleri goýup, dinsizleri dost tutmasynlar! Kim şeýtse, ol Alla bilen bir däldir. Meger, olardan ätiýaç bolup dursaňyz (il ýüzüne gatnaşyk etseňiz, orunlydyr). Alla sizi Özüniň (azabyndan) ägä eder, we diňe Alla dolanarsyňyz.

29. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Kalbyňyzdaky närsäni isle ýaşyryň, isle äşgär ediň, Alla bilýändir. We (şonuň ýaly Ol) asmanlardaky we Ýerdäki bar närsäni bilýär. Alla hemme närsä kadyrdyr".

30. Her bir jan öz eden ýagşy amallaryny açyk-aýdyň görýän, ýaman amallarynyň bolsa, alys-alyslarda galmagyny isleýän GÜNI (ýatlasyn)!

Alla Sizi özüniň (azabyndan) ägä eder. Alla bendelerine rehimlidir, mähribandyr.

31. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Eger Allany söýseňiz, maňa eýeriň. Şonda Alla sizi söýer we günäleriňizi ýeňilleşdirer. Alla bagyşlaýyjy, mähribandyr".

32. Aýdyň: "Alla we pygambere tagat ediň!" Eger ýüz öwürseler, bes, elbetde, Alla (beýle) dinsizleri söýmeýär.

33-34. Elbetde, Alla Adam we Nuhy hem-de Ybraýym we Imrany ähli älem üstünde (pygamberlik üçin) saýlap aldy. Olaryň birewleri birewlerine zürýatdylar. Alla eşidiji, bilijidir.

35. (Eý, Muhammet), Imranyň aýalynyň: "Perwerdigär, men garnymdaky närsäni (göwräni) dünýä işlerinden azat edip, Saňa nezr kyldym. Bes, (bu nezrimi Öz dergahyňda) kabul eýle! Elbetde, Sen eşidiji, biliji Sen" diýenini ýatlaň!

36. Dograndan soň, şeýle diýdi: "Perwerdigär, men gyz dogurdym".

Elbetde, Alla onuň näme dogranyny gowy bilijidir we her nähili ogul bu gyz ýaly (bu gyzyň ornuny tutujy) däldir. - "We men oňa Merem diýip at goýdum. Men bu gyza we onuň zürýadyna dergahyňdan kowlan şeýtanyň ýamanlygyndan pena bermegiňi Senden dileýärin".

37. Bes, Perwerdigäri ony (Meremi) hoş kabul eýläp, gözel perweriş etdi we oňa Zakariýany kepil etdi. Haçanda Zakariýa (Meremden) öňürti- hüjrä girende, onuň öňünde bir rysk-nesibe gördi. Ol: "Eý, Merem, bu närseler saňa nireden geldi?" diýip soranynda, (Merem) jogap kyldy: "Bular Alla tarapyndyr, Elbetde, Alla Özi islän kişilere bihasap rysk berer".

DÜŞÜNDIRIŞ. Meremiň enesi ybadathana alyp baranda, ony terbiýelemek ybadathana işgärlerinden Zakariýanyň paýyna düşdi. Ol haçan Meremiň otagyna girse, ol ýerde kişde, ýazyň miweleri, ýazda kişde bolýan naz-nygmatlary görýärdi. Şonda olaryň arasynda ýokardaky aýatda beýan edilen sowal-jogaplar bolup gsçdi.

38. Şonda Zakariýa Perwerdigärine doga kylyp diýdi: "Perwerdigär, maňa hem Öz ýanyňdan bir päkize perzent ber! Elbetde, Sen doga-dileglerimi eşidiji Sen".

39. Soňra mährapda namaz okap duran wagtynda oňa perişdeler nyda kyldalar: "(Eý, Zakariýa), Alla saňa Allanyň sözüni tassyk edýän, öz kowumyna hoja bolýan, şahwatlardan özüni saklaýan we salyh pygamber- lerden bolýan Ýahýa atly perzent hoşhabaryny berýär".

40. "Perwerdigärim, maňa garrylyk ýeten bolsa, aýalym dogmaz bolsa, nähili perzent bolsun?" diýdi (Zakariýa). (Alla) aýtdy: "Şeýledir, Alla islän işini edýändir".

41. "Perwerdigärim, meniň üçin (aýalymyň göwreli bolanyna) bir alamat berseňiz" diýdi ol. Alla aýtdy: "Saňa alamat şudur, üç gün adamlara diňe üm-yşarat bilen düşündirip bilersiň. Perwerdigäriňi mydam ýat kyl we gije-gündiz Ony hormatlap ybadat et!"

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan üç gün Zakariýanyň dili Allanyň sözünden özge söze aýlanman galdy. Adamlara bolsa diňs üm-yşarat bilen düşündirdi. Meşhur aýatlarda garrap, perzent görmeklerinden umytla-ryny üzen kişilere Allanyň Öz islegi - eradasy bilen perzent beren. beýan edilen bolsa, aşakdaky aýatlarda ýene-de geň-ejibiräk kyssa - Isanyň atasyz dünýä gelmegi hakynda hekaýa kylynýar.

Bu kyssadan misil şu bolup, Isa hiç hudaý däl, belki, Allanyň emri bilen Meremden doglan adam perzendidir.

42-43. Perişdeler Mereme: "Ýa Merem, elbetde, Alla seni (aýallar içinden) saýlap aldy we (ähli günälerden) päkledi hem-de seni ähli älemleriň aýallaryndan afzal kyldy. Ýa Merem, Perwerdigäriňe tagat-ybadat kyl we sejde kyl we ruku (Alla tagzym) edýänler bilen ruku kyl!" diýenlerini ýatlaň!

44. (Eý, Muhammet), gaýyp habarlaryndan bolan bu habary size Biz wyhyý edýändiris. Elbetde, siz olardan haýsylaryň Mereme kepil bolmagyny bilmek üçin galamlaryny (gurra) taşlanlarynda, olaryň ýanynda däldiňiz we dalaşyp-çekişenlerinde hem olaryň ýanynda däldiňiz.

45-46-47. Ýatlaň (Eý, Muhammet), perişdeler: "Ýa Merem, elbetde, Alla saňa Özüniň sözüni hoşhabar edip berip, onuň ady al-Masyh Merem ogly Isa bolup, dünýä-ahyretde abraýly we Allanyň ýakynlaryndan bolýar hem-de adamlara çagalyk wagtynda hem kemalata ýetendäki ýaly geplär. We salyh bendelerden bolar" diýeninde, Merem: "Perwerdigärim, maňa adamzat ýanaşmadyk bolsa, nireden mende perzent bolsun?" diýýär. Alla aýtdy: "Şeýle, Alla Özi isläp närsesini (Özi isläp suratda) ýaradýar. Haçan bir işi erada kylsa: oňa: "Bol!" diýýär. Bes, ol iş bolar".

DÜŞÜNDIRIŞ. Allanyň Sözi - Meremiň ogly Isadyr. Çünki ol Gurhanyň habaryna görä, Allanyň: "Bol diýen sözi-permany bilen Meremden atasyz döräpdir.

48-49. We oňa (Isa) ýazmak we hikmet ylmyny, Töwrat we Injili tälim berýär hem-de ony Ysraýyl kowumyna pygamber kylýar. (Isa Ysraýyl kowumyna diýýär: "Men (özümiň hak Pygamberdigim hakynda) size Perwerdigäriňizden aýat-delil getirdim. Men size palçykdan guş mysalyny ýasap, oňa çüflesem, ol Allanyň idin-eradasy, keramaty bilen hakyky guş bolýar. We ýene kör, pis (mahaw) näsaglary sagaldyp bilerin we Allanyň idini bilen ölini dirildip bilerin hem-de size iýýän we öýleriňizde saklaýan närseleriňizi aýdyp bermäge kadyr men. Eger imanly bolsaňyz, elbetde, bu işlerde siz üçin anyk aýat-deliller bardyr".

DÜŞÜNDIRIŞ. Pygamberler taryhyndan şu zat mälim bolup.her bir pygamber özüniň zamanynda ösüp, döreden ylmynda döwürdeşlerinden üstün we ýol başlaýyjy bolýar. Meselem, Muhimmet alaýhy-s-salam döwürlerinde arap äleminde edebiýat ýokary dereje ösüp, edebiýatçylar arasynda tiz-tiz ýaryşlar geçirilip durýardy we ýeňijileriň, eserini Käbs diwarlaryna asyp goýýardylar. Günlerden bir gün sahabalardan biri Gurhandaky iň kiçijik süre bolan "Köwser" süresi ýazylan beýti ýeňiji eserleriň ýanyna ildirip goýýar. Şonda täsin waka ýüz berýär: bu süräni okan şahyrlar bir owazdan: "Bu beşeriň sözi däl diýip guwälik berýärler. Isa alaýhy-s-salamyň döwründe bolsa, tebiplik-emlemek ylmy şeýle bir ösüpdi, dünýäde bir dowasyz dert ýok diýip hasap edilýärdi. Şonda Isa alaýhy-s-salam geldi-de, hiç bir tebibiň elinden gelmeýän işi etdi -ölini diriltdi! Şonuň üçin hem Gurhanda onuň adynyň yzyna al-Ma-syh-halasgär lakamy goşuldy. Onuň eli degen - sypalan ölüsine jan girýärdi. Beýle mugjyza täsinlikler tebigy - elbetde, adamlaryň öz pygamberlerine iman getirmegine sebäp bolýardy.

50. "Men size özümden öňki Töwradyň (hak ekenligini) tassyklap, siz üçin haram edilen käbir närseleri halal etmek üçin geldim. We size Perwerdigäriňizden aýat-delil getirdim. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat ediň!

51. Elbetde, Alla Perwerdigärim we Perwerdigäriňizdir. Bes, Oňa bendelik kylyň! Ine, şu hak ýoldur!".

52-53. Haçan Isa olar tarapyndan küfri-günä işleri görenden soň: "Allanyň dinine çagyrmagymda kim maňa kömekçi bolýar?" diýdi. Howarylar aýtdy: "Biz Allanyň (dinine) kömek berijilerdiris. Alla iman getirdik. (Eý, Isa) güwä bolgun kim, (saňa) boýun synyjylardyrys. Alla, ýaradan närsäňe, ynandyk, pygamberleriňe tirkeşdik. Bes, bizi (Özüniň birligine, pygamberiň haklygyna) güwälik berijiler hataryna ýaz!".

54. (Ýahudylar) mekir kyldy. Alla hem "mekir" kyldy. Alla "mekirräkdir".

DÜŞÜNDIRIŞ. Olar Isa alaýhy-s-salamy öldürmekçi boldular. Alla bolsa, oňa birjigem zeper ýetirmän, Öz huzuryna arşa göterdi. Allanyň "mekri" - tedbiri üstünräk bolup çykdy.

55. (Eý, Muhammet), Allanyň aýdan bu sözlerini ýatlaň. "Ýa, Isa, elbetde, men seni wepat ediji we Öz huzuryna göterijidirin. We dinsiz kimseleriň ýamanlygyndan halas ediji Men hem-de tä magşar gününe çenli saňa eýeren adamlary dinsiz kimselerden ýokary goýýandyryn. Soňra Maňa dolanarsyňyz. Bes, Özüm siziň jedelleşen närseleriňiz hakynda araňyzda eminlik ederin.

56. Bes, kapyr bolan kimselere panyda we magşarda gaty azap bilen jebir berýärin. We olara hiç hili ýardam bolmaz.

57. (Alla) Iman getirip, ýagşy amallar edenlere bolsa, sogaplaryny kemally suratda berer. Alla zulum edijileri söýmeýär. (Şunlukda, Özi hem hiç kime zulum etmän, her kime eden işine laýyk jeza berýär)".

58. (Eý, Muhammet), Size aýan edýän bu kyssamyz Allanyň aýatlary we hikmetli ýatlatmalaryndandyr.

59.Elbetde, Isanyň (atasyz dogulmagynyň) mysaly Allanyň alnynda edil Adamyň mysaly ýaly bolup, ony toprakdan ýaradyp, soňra "Bol" diýýär. Bes, ol (janly adam) boldy.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, birtopar nasranylar Pygamber alaýhy-s-salamyň, ýanyna gelip: "Näme üçin sen biziň pygambe-rimiz Isany "Ol hem adam - Allanyň bendesi" diýip kemsidýäň!? Eger ol hudaý bolmadyk bolsa, atasyz doglarmydy?!" diýdiler. Adam hem atasyz, enesiz dünýä geldi we Alla bende boldy, eýsem, Isanyň atasyz dogulmagynda hem onuň bende bolmaganda terslik barmy? diýen mazmunda ýokardaky aýat hasyl boldy.

60. (Bu) Perwerdigäriňiz tarapyndan bolan hak sözdür. Bes, şübhe edijilerden bolmaň!

61. Indi Size gelen, ine, şu hak maglumatdan soňra (nasranylardan) kimde-kim siz bilen jedelleşmekçi bolsa (onuň ýaly kimselere) aýdyň:

"Geliň, biz hem çagalarymyzy, aýallarymyzy çagyraly, siz hem çagala- ryňyzy, aýallaryňyzy çagyryň, Soňra Alla toba-tagsyr edip, ýalançylyra Allanyň nälet etmegini soraly".

DÜŞÜNDIRIŞ. Aýatlarda Muhammet pygambere Isany hudaý diýip bilýän kimseler eger Gurhan aýatlaryna ynanmasalar, ýalançylara Allanyň näletini sorap, ant içilmäge teklip etmek buýruldy. Rawylaryň aýtmaklaryna görä, nasranylaryň biri hem ant-kasam içmäge ýürek edip bilmändir.

62. Elbetde, bu hak-rast kyssadyr. (Ýagny, Isa hiç hili hudaý däl, belki, Allanyň başga hemme pygamberleri ýaly ýönekeý adam tohumyn-dandyr). We hiç hili ylah ýok, diňe Allanyň Özi bar. We, elbetde, Allanyň Özi diňe gudrat we hikmet eýesidir.

63. Indi hem (hakykatdan) ýüz öwürseler, bes, elbetde, Alla bozgaklary bilijidir.

64. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Eý, kitap eýeleri, (ýagny, ýahudy we nasranylar) bize hem, size hem bap-barabar bolan bir Söze - geliň, ýalňyz Allanyň özüne ybadat edeliň. Oňa hiç närsäni şärik etmäliň, we bir-birlerimizi Hudaý hasap etmäliň".

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam ygtykadyna görä, bütin älemi ýaradan Alla tagala barça ynsanlar bagtly ýaşasynlar diýip, öz tarapyndyn ýaşaýyş üçin dessuryl-amal bolan kada-kanunlary, ýagny, dini iberijidir. Kimde-kim bu kada-kanunlara parh etmän, öz ýanyndan kanun çykarmakçy bolsa, ol hudaýlyga dawa eden hasaplanýar we onuň yzyna eýerenler bolsa, adamdan hudaý ýasajak bolýanlar diýip hasaplanýar.

Eger olar (ýagny, kitap eýeleri) ýüz öwürseler, ol halda Siz (eý, möminler); "Güwä boluň, biz musulmanlar - ýalňyz Alla ybadat edýäris "diýip aýdyň!

65. Eý, kitap eýeleri, näme üçin Ybraýym hakda (ol biziň dinimizde bolan diýip) çekişýärsiňiz! Eýsem, Töwrat hem, Injil hem ondan soň peýda boldy ahyry! Akyl ýöretmeýärsiňizmi?! Ýeri, bolýa, (ýahudy we nasranylar) siz öz bilýänleriňiz (Musa we Isa pygamberler) hakynda çekişdiňiz. Indi näme üçin bilmeýän närsäňiz (Ybraýymyň haýsy dinde bolanlygy) hakda çekişýärsiňiz? Alla bilýändir, siz bilmersiňiz.

66-67. Ybraýym ýahudy hem, nasrany hem däl, belki, hak ýoldan dänmedik (Alla) etagat edýän kişi bolandyr. Ol köphudaýly hem bolan däldir.

68. Adamlaryň Ybraýyma ýakynragy onuň ýoluna eýerenler, ine, bu pygamber (Muhammet alaýhy-s-salam) we iman getiren kişilerdir. Alla imanly, ygtybarly kişileriň dostudyr.

69. Kitap eýelerinden bir toparlary sizi (hak diniňizden) azaşdyrmagy isleýär. Ýöne olar özleri duýman özlerini azaşdyrýarlar, bolany.

70. Eý, kitap eýeleri, näme üçin özüňiz günäkär bolup hem, Allanyň (Töwratdaky Muhammediň hak pygamberligi hakyndaky) aýatlaryny inkär edýärsiňiz?!

71. Eý, kitap eýeleri, näme üçin özüňiz bilip hem, hakykaty ýalana garyşdyrýarsyňyz we hakykaty gizleýärsiňiz?

72-73-74. Kitap eýelerinden bir taýpasy bir-birlerine şeýle diýdiler: "Möminlere getirilen närsä (Gurhana) ir bilen iman getirip, öýlän ony inkär ediň. Belki. (olar hem imanlaryndan) dönerler. Täki birnäçe adama Size berlen bilim berilmändigi üçin ýa-da Perwerdigäriňiziň öňünde Siz bilen delil getirişmezligi üçin diňe öz diniňize boýun synan kişileriň geplerini tassyk edip, ynanyň" Aýdyň (Eý, Muhammet): "Elbetde, hak ýol Allanyň, ýoludyr". Aýdyň: "Elbetde, fazly-kerem Allanyň, elinde, ony Özi islän kişilerine berer. Alla fazly giň, biliji zat bolup, rahmetini Öz islän kişisine berýär. Alla beýik fazly-merhemet sahybydyr".

75. Kitap eýeleriniň arasynda şeýle kişiler bar ki, oňa bihasap maly amanat goýsaňyz, hyýanat etmän, size gaýtarýar. Olaryň arasynda ýene şeýleräkleri hem bar ki, oňa bir dinary ynanyp berseňiz, tä üstüne baryp alýançaňyz, size gaýdyp bermeýär. Munuň sebäbi - olaryň "omyýlar - kitapsyz kimseler üçin biziň üstümizden hiç hili ýol ýok" diýmekleridir. (Ýagny, käbir ýahudylar özlerinden başgalary pes millet hasap edip: "Biz Allanyň söýen bendeleri, diýmek, başga milletleriň mallary biz üçin halal" diýýärdiler). Olar göre-bile Alla hakynda ýalan sözleri sözleýärler.

76. Ýok, (olaryň dawalary biderekdir). Belki, kim ähdine wepa kylsa we takwa bolsa, (ine, şol kişi Allanyň, söýen bendesidir). Elbetde, Alla takwa kişileri söýýär.

77. Allaga beren ähti-peýmanyny we kasamlaryny azajyk gymmata satyp goýberýän kimseler üçin ahyretde hiç hili nesibe ýokdur. Kyýamat gününde Alla olar bilen sözleşmeýär, rahmet nazary bilen bakmaýar we günälerinden päklemeýär. Olar üçin agyr azap bardyr.

78. Olardan (ýahudylardan) ýene bir topary bar bolup, siziň kitapdan (Tewratdan) bolmadyk närsäni Kitapdan diýip oýlamagyňyz üçin Töwrat kitabyny dillerini aýnadyp okaýarlar we Allanyň alnyndan gelmedik (özleriniň sözlerini) "Allanyň alnyndan gelen" diýýärler. Olar bilip- durup, Alla hakynda ýalan sözleýärler.

79. Kimem bolsa, adama Alla Kitap, Hikmet we Pygamberlik bereninden soň, onuň adamlara: "Alla däl, maňa ybadat ediň" diýmegi ýerlikli däl, belki, olara: "Allanyň kitabyny adamlara öwredip, we özüňiz okap-öwrenip, ýalňyz Perwerdigäre ybadat edýän kişiler boluň" (diýmek gerekdir).

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat käbir nasranylaryň: "Isa alaýhy-s-salam bizi özüne sejde etmäge buýrupdyr" diýen dawalaryny ret etmek üçin hasyl bolupdyr.

80. Onuň (pygamberiň) size perişdeleri we başga pygamberleri hudaý hasaplamagy buýurmagy hem ýerlikli däl. Eýsem, ol sizi musulman – Alla boýun synyjy bolanyňyzdan soň, küfr-dinsizlige gaýtmaga buýurýarmy?!

81. Ýatlaň, (eý, kitap eýeleri), Alla ähli pygamberlerden: "Men size nähili Kitap we Hikmet bersem-de, soňra siziň pygamberleriňizi tassyk ediji bir pygamber (ýagny,Muhammet alaýhy-s-salam) gelenden soň, elbetde, oňa iman getirersiňiz we kömek berersiňiz" diýip, ähdi-peýman alandan soň, olara: "Ine, şu ähdi-peýmanymy ykrar edip, kabul kyldyňyzmy? diýýär. Ol pygamberler: "Ykrar etdik" diýip jogap berenden soň, Alla aýtdy: "Güwä boluň! Men hem, elbetde, güwä bolujylardandyryn".

82. Bes, kim şondan soň hem (ähdi-peýmandan) ýüz öwürse, ine, şolar ýaly kimseler pasyk-bozgaklardyr.

83. Allanyň dininden özge din isleýäňizmi? Ahyr asmanlar, Ýerdäki ähli janly zatlar, islese-islemese-de, Oňa boýun synyp durar! Şolar

(ýagny, Allanyň, dinine etagat etmegi islemeýänler) hem diňe Onuň özüne dolandyrylýar-a:

84. (Eý, Muhammet) "Alla, bize hasyl edilen närsä (Gurhana) we Ybraýym, Ysmaýyl, Ishak, Ýakup we onuň tohum-öwlatlaryna bagyş edilen närselere we Musa, Isa hem-de ähli pygamberlere Perwerdigäri tarapyndan berlen närselere iman getirdik. Ol pygamberlerden birini hem aýryp goýmarys. We biz Onuň diňe özüne boýun synyjylar- dyrys" diýip aýdyň.

85. Kim-de-kim Yslamdan özge din islese, bes, (onuň "dini" Alla alnynda) hergiz kabul edilmeýär we ol ahyretde zelel görüjilerdendir.

86. Iman getirip, pygamberiň hak pygamberdigine güwä bolanlaryndan soň, we olara delil-aýatlar geleninden soň, kapyr bolan kimselere Alla nähili ýagşylyk etsin?! Alla zulum ediji kowuma mähir etmeýär.

87-88. Olaryň jezasy üstlerine düşjek Allanyň, perişdeleriň we ähli adamlaryň lagnatydyr. Olar azaplary ýeňilleşdirilmän, dowzahda ebedi galyjylardyr we olara (bu azap asla) gijikdirilmeýär.

89. Meger, şondan (ýagny, küfrlerinden) soň, toba edip, özlerini düzetseler, (Alla günäleri magrypat edýär). Çünki Alla magrypat ediji, mähribandyr.

90. Elbetde, iman getirenlerinden soň, kapyr bolan, soňra günäleri ýene-de zyýada bolan kimseleriň kylan tobalary hergiz kabul kylynmaz. Ana, şolar hak ýoldan sowlan kimeselerdir.

91. Elbetde, kapyr bolan we kapyr halda ölen kimseler, eger olaryň biri ýer ýüzi doly altyny töleg edip berse hem hergiz kabul kylynmaz.

Beýle kimseler üçin alawly azap bardyr. We olara hiç hili ýardamçy bolmaz.

92. Soýan mallaryňyzdan sadaka-yhsan bermeýänçäňiz, hergiz ýagşylyga (jennete) ýetmersiňiz. Her nähili närsäni haýýar-yhsan etseniz, elbetde, Alla ony biler.

93.Töwrat inderilmezden öň Ysraýyl kowmuna (Ýakubyň) özüne haram eden närsesinden - düýäniň eti bilen sütdünden başga ähli tagamlar halaldy. (Eý, Muhammet), "Eger rastgöý bolsaňyz, Töwrady getirip okap görüň" diýip aýdyň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Mälim-ki, ýahudylar zulum we talaňçylyk ýoluny tutanlaryndan soň, Alla tagala olara birnäçe naz-nygmatlary haram kyldy. Ýöne olar muny boýun alman, "Haram zatlar Ybraýym zamanynda hem haramdy" diýýärdiler. Şonuň üçin musulmanlara: "Özüňiz Ybraýymyň dininden- diris diýýäňiz-de, ýöne onuň haram eden düýe etini nahar edýärsiňiz" diýip dawa edenlerinde, ýokardaky aýat hasyl boldy. Aýtmak-laryna görä, şondan soň bir ýahudy hem Töwrady alyp gelip, ondan Ybraýym pygambere düýe etini haram edileni hakyndaky aýaty tapyp berip bilmändir.

94. Bes, kim, ine, şundan soň hem Alla töhmet kylsa, ine, şolar zulum edijilerdir.

95. (Eý, Muhammet) "Allanyň sözi çyndyr. Bes, hak ýoldan taýmadyk we köphudaýly bolmadyk Ybraýymyň dinine uýuň!" diýip aýdyň!...

96-97. Elbetde, adamlaryň ybadat etmegi üçin gurlan birinji öý Mekgedäki mübärek we ähli älemler üçin hidaýat (mähir merkezi) bolan Käbedir ki, onda muhamy Ybraýym (ýagny, Käbäni guranda Ybraýym alaýhy-s-salam aýagynyň astynda bolan harsaň daş, ol daşda Ybraýym pygamberiň aýak yzlary) bar, oňa giren adamyň her nähili howp-hatardan aman bolşy ýaly açyk aýat-alamatlar bardyr. We ýola kadyr bolan kişiler boýnunda Alla üçin, ine, şu öýe haj-zyýarat etmek borjy bardyr. Kimde-kim kapyr bolsa, (ýagny,

Käbe zyýarat etmegiň parzdygyny inkär kylsa, günäsi özünde), bes, elbetde, Alla ähli älemlerden bihajat bolan zatdyr.

98. (Eý, Muhammet) aýdyň: "Ýa, kitap eýeleri, näme üçin Allanyň aýatlaryny inkär edýär- siňiz? Läkin, Alla edýän amallaryňyza güwädir".

99. Aýdyň: "Ýa, kitap eýeleri, näme üçin iman getiren kişileri Allanyň ýolundan saklaýarsyňyz we özüňiz güwä bolan ýagdaýyňyzda hem, ony (ýagny, Allanyň ýolundan) gyşartjak bolýarsyňyz? Ahyr Alla edýän amalla-ryňyzdan gapyl däldir!".

100. Eý, möminler, eger kitap berlen kimseleriň käbir toparlaryna boýun synsaňyz, olar sizi imana geleniňizden soň, dinsizlige gaýtarýar-lar.

101.*Allanyň aýatlary size okap berilýärkä, Onuň pygamberi bolsa araňyzdaka, niçik edip dinden dönersiňiz?! Kim Alla baglansa, (ýagny, Onuň, dinini pugta tutsa) bes, hakyky dogry ýola rowana edilipdir.*

102. Eý, möminler, Alladan çyn gorky bilen gorkuň we diňe musulman bolup dünýäden geçiň!

103. We ähliňiz Allanyň ýüpüne (Gurhana) baglanyň we bölünmäň!

Hem-de Allanyň size beren nygmatyny ýatlaň: bir-biriňize duşman bolan wagtlaryňyzda kalblaryňyzy ýakyn edip goýdy. Onuň nygmaty sebäplit dogan bolduňyz. .We dowzah çogunyň ýakasynda durduňyz, sizi ondan halas etdi. Hak ýoly tapmagyňyz üçin Alla size öz aýatlaryny, ine, şeýle, beýan edýär.

104. Araňyzda haýry ündeýän, ybadata buýurýan we ýaman ýoldan-günäden gaýtarýan bir jemagat bolsun. Ana, şolar, bagtlylardyr.

105. Anyk deliller geleninden soň, bölünip giden we bir-birleri bilen sowuk, dawalaşyp ýören kimseler ýaly bolmaň! Ine, onuň ýalylar üçin azap-bardyr.

106. (Kyýamat gününde möminleriň) ýüzi ak bolýar, (dinsizleriň) ýüzi gara bolar. Indi ýüzi gara bolan kimselere: "Iman getireniňizden soň, ýene dinden çykdyňyzmy? Olara kapyr bolanyňyz üçin, ine, bu azaby dadyp görüň" diýler.

107. Ýüzi ak bolanlar bolsa, Allanyň rahmetinde (jennetinde) bolup, şol ýerde ebedi galýarlar.

108. Bular Allanyň aýatlarydyr. Size olary rast nygtaýandyrys. Alla hiç kime zulum etmegi islemeýär.

109. Asmanlar we Ýerdeki bar närseler Allanyňkydyr. We ähli işler ýalňyz Alla gaýtarylýandyr.

110. (Eý, ummaty Muhammet) Adamlar üçin ýaradylan milletleriň iň ýagşysy bolduňyz. Elbetde, siz ýagşy amallar edersiňiz, ýaman amallardan dönýänsiňiz we Alla iman getirýänsiňiz. Eger kitap eýeleri hem iman getirselerdi, özleri üçin ýagşy bolardy. Olarda hem imanlylar bar, olaryň köpüsi etagatsyz kimselerdir.

111. Olar size azar bermekden başga hiç hili zelel ýetirip bilmezler.

Eger siz bilen uruşsalar, yzlaryna garap gaçarlar. Soňra olara (hiç kim tarapyndan) kömek berilmeýär.

112. Eger Allanyň we adamlaryň (ýagny, musulmanlaryň) ähdi-penasynda bolmasalar, elbetde, olara nirede bolsalar-da, hary-zarlyk taýýarlanyp goýuldy. Olar Allanyň gazaby bilen gitdiler we olara biçärelik ýazylyp goýuldy. Muňa sebäp - olaryň Alla aýatlaryny inkär etmekleri we pygamberleri nähak öldürmekleridir. Muňa sebäp, olaryň eden ýaman işleri we ýowuzlyklarydyr.

113. (Kitap eýeleriniň hemmesi hem) barabar-deň däl. Olaryň, arasyn-da-da sejde eden hallarynda gijelerine Allanyň aýatlaryny gaýtalaýan dogry ýoldaky kişiler bar.

114. Alla we ahyret gününe iman getirýärler, ýagşy amallara buýrup, ýaman amallardan gaýdýarlar, we ýagşylyk etmäge howlugýarlar. Ine, şolar salyh bendelerdir.

115. Olara eden her bir ýagşylygyňyz köýmeýär. Alla takwalary tanaýjydyr.

116. Küfr ýoly tutan kimseleri mallary hem, çagalary hem Alla tarapyndan bolýan (azapdan) gutaryp bilmeýär, Ine şolar jähennem eýeleri bolup, şol ýerde ebedi galjaklar.

117. Olaryň bu dünýäde (ýalandan) eden haýyr-yhsanlarynyň mysaly edil dinsizlik bilen özlerine zulum eden kowumyň ekinine degip, ony yrýa eden sowuk şemala meňzeýär. Olara Alla zulum kylmady. Sebäp, olar özlerine zulum etdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, eýeleri dinsizlik kesapatyna duçar bolany üçin, ekinleriniň sowuk urup, hasyl bermeýişi ýaly, minnet bilen kylnan ýagşylykdan hem hiç hili peýda ýokdur. Her nähili ýagşylyk Alla ýolunda, ýagşy niýet bilen edilse, ondan haýyr-sogaba garaşmak mumkindir.

118. Eý, möminler, özüňiziňkileri goýup, (ol mynapyklary) syrdaş, dost tutmaň! Olar size zelel ýetirmekde güýçlerini aýamaýarlar we ýaman ýagdaýa düşmegiňizi arzuw edýärler. Olaryň sizi ýaman görýändikleri agyzlaryndan äşgär boldy. Kalblaryndaky ýamanlyklary bolsa entegem uludyr. Eger akyl ýetirseňiz, siz üçin aýat-alamatlary anyk-röwşen edip berdik.

119. Haýp, (möminler), siz olary ýagşy görýäňiz, (ýöne) olar sizi söýmeýärler. Siz hemme kitaplara iman getirýärsiňiz (olar siziň kitabyňyza iman getirmeýärler). Size ýoluganlaryňda: "Iman

getirdik" diýýärler. Özleri ýeke galanlarynda bolsa, sizi gaty ýaman görenleri sebäpli, barmaklaryny dişleýärler. (Eý, Muhammet, olara), "Şu

adawatlaryňyz bilen ölüp gidiň!" diýip aýdyň! Elbetde, Alla kalblary eýelän syry bilýändir.

120. Eger size bir ýagşylyk ýetse, olar hapa bolýarlar. Eger size bir ýamanlyk ýetse, mundan hoşal bolýarlar. Eger sabyr-takat etseňiz we Alladan gorksaňyz, olaryň hile-hereketleri size hiç hili zelel edip bilmez. Elbetde, Alla olaryň edýän amallaryny hasaba alyjydyr.

121. (Eý, Muhammet), ähli maşgalaňyzyň ýanyndan çykyp gaýdyp, möminleri uruşmaly ýerde nyzama durzup gaýdan wagtyňyzy ýatlaň! Alla eşidiji, bilijidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ine, şu aýatdan başlap, gazawatlar hakynda söz gidýär. Ýokardaky aýatlarda dinsiz, mynapyklar bilen söz meýdanynda jeňňi-jedel barýan bolsa, indi bu jeňňi-jedel jeň meýdanyna geçýär. Bu aýatlarda Uhud jeňi hakynda anyk-doly söz ýöredilip, käbir ýerlerde Allanyň, möminlere eden merhemetini ýada salmak üçin Bedr jeňi hem ýatlanyp geçilýär. Ýokardaky aýat Uhud jeňi hakyndaky kyssanyň başlanyşydyr!

122. Şol wagt siziň araňyzdan iki topar umytsyzlyga düşüp başlady.

Elbetde, Alla olara ýar boldy. Bes, möminler ýalňyz Alla söýensinler!

DÜŞÜNDIRIŞ. Pygamber alaýhy-s-salam Uhud jeňine müň kişilik leşger bilen çykdy. Duşman menziline ýakynlaşanlarynda (olaryň sany üç müňdi) musulmanlar arasyna giren Abdullah ibn Ubaý atly mynapyk üç sany esger bilen jeň meýdanyndan gaçyp başlady, muny gören Banu salama we Banu Harysa tiresinden bolan musulmanlar hem gaýtmakçy boldular, ýöne Allanyň islegi bilen bu kastlaryndan el çekdiler.

123. Ahyr Alla Bedr jeňinde güýçsüz bolsaňyz hem ýeňiş berdi dälmi?!

Alladan gorkuň! Şonda şaýat (onuň nygmatlaryna) şükür etgeý siz!

124. Möminlere: "Perwedigäriňiziň size gökden inderilen üç müň perişde bilen medet berenine kaýyl dälmisiňiz?" diýen wagtyňyzy ýatlaň!

125. Ýok (kaýyl eder), eger sabyr etseňiz we Alladan gorksaňyz we olar (dinsizler) şu demde size hüjüm kylsalar, Perwerdigäriňiz size bäş müň belgili perişde bilen medet berýär.

126. Bu (medeti) Alla diňe size hoşhabar bolsun diýip we kalblaryňyzyň teselli tapmagy üçin etdi. Aslynda ýeňiş diňe gudrat we hikmet eýesi bolan Alla alnyndan gelýär.

127. Dinsiz kimseleriň bir kysmyny gurban etmek ýa-da ýeňlip, näumyt halda gaýtarmak üçin (Alla size ýeňiş berdi).

DÜŞÜNDIRIŞ. Bedr jeňinde at gazanan pälwanlardan ýetmiş kişi öldürilip, ýene ýetmişi esir alyndy we musulmanlar eňiş bilen dolandylar.

128. (Eý, Muhammet), siz üçin bu işde (ýagny, bendelere najat bermek ýa-da olary gurban etmek işinde) hiç bir närse (ýagny, ynam-ygtyýar) ýokdur. (Allanyň özi) ýa olaryň tobalaryny kabul eder, ýa-da zalymlyklary sebäpli azaplar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat Uhud jeňinde pygamber alaýhy-s-salamyň dişleri synyp, ýüzi ýarylanda, onuň: "Öz pygamberleriniň ýüzüni gana boýan kowum nädip najat tapsyn? diýip umytsyzlyga düşende hasyl bolupdyr.

129. Asmanlar we Ýerdäki bar närse Allanyňkydyr. Özi islän kimsäni azaplar. Alla magrypatly (geçirimli), mähribandyr.

130. Eý, möminler, (beren karzlaryňyzy) birnäçe esse edip alyp, süýthorluk etmäň! Alladan gorkuň! Şonda anyk najat-peýda taparsyňyz.

131. We dinsizler üçin taýýarlanyp goýlan dowzahdan gorkuň!

132. Alla we pygambere boýun boluň. Eger Allanyň rahmetine nesibeli bolsaňyz.

133. We Perwerdigäriňiz tarapyndan boljak magrypata (ýagşylyga) hem-de takwalar üçin taýýarlanyp goýlan (ini asmana hem ýere barabar) jennete howlugyň!

134. (Takwalar) ýagşu-ýaman günlerde haýyr-yhsan edýän, gazaplaryny ýuwudýan, adamlaryň (hatalaryny) bagyşlaýan kişilerdir. Alla beýle ýagşylyk edýänleri söýýär.

135. (Takwalar) haçan bir nälaýyk iş etseler ýa-da (nähilidir günä iş etmek bilen) özlerine zulum etseler, derrew Allany ýatlap, günälerini geçmegi soraýan - her bir günäni diňe ýalňyz Alla magrypat edýär - (günä edýändigini) bilen ýagdaýynda günälerini dowam etmeýän kişilerdir.

136. Olaryň sylaglary Perwerdigär tarapyndan magrypat we aşagyndan derýalar akyp duran jennet bolup, olar şol ýerde ebedi galjaklar. Ýagşy amal edýänleriň paýy iň ýagşy paýdyr.

137.*Sizden öň hem köp ýollar-tejribeler geçendir. Bes, ýerde gezip ýörüp, Allanyň dinini ýalan diýenleriň akybetleriniň nähili boljagyny bir görüň.*

138. Bu (Gurhan) adamlar üçin dogry ýoly beýan ediji we takwalar üçin hidaýat we pendi-nesihatdyr.

139. (Dinsizlige garşy göreşde) köşeşmäň we (Uhud jeňindäki ýeňliş sebäpli) gamgyn bolmaň! Hakyky iman eýeleri bolsaňyz, siz üstün boljaksyňyz.

140. Eger (bu gün - Uhudda) size jerahat-ýara düşen bolsa, (Bedr jeňinde) ol kowuma hem edil şeýle jerahat-ýara düşendir. Täki ybrat-görelde bolsun diýip we Alla hakyky iman getiren kişileri

bilmek hem-de araňyzdan şehitleri saýlap almak üçin bu günleri (ýagny, ýeňiş we ýeňliş günlerini) adamlar arasynda aýlap duryarys. Alla zalym kimseleri söýmeýär.

141. We täki Alla iman getirenleri (günälerinden) päklemek we dinsizleri gurban etmek üçin (bu günleri adamlar arasynda aýlap duryarys).

142. (Eý, möminler), ýa-da Alla siziň içiňizden kimiň hak ýolunda göreşendigini, kimiň sabyr-takat edendigini bilmez, (bizem) jennete gireris diýip oýladyňyzmy?!

143. Ölümiň öňünde durmankaňyz ony arzuw edýärdiňiz. Ine, indii (ýagny, Uhudda) ony gözüňiz bilen görüp dursuňyz.

144. Muhammet diňe bir pygamber, bolany. Ondan öň hem pygamberler geçendir. Bes, eger ol (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salam) wepat kylsa ýa-da öldürilse, yzyňyza (küfre) gaýdyp gidermisiňiz?! Kimde-kim yzyna dolansa, Allaga asla zelel ýetirip bilmez, (belki, diňe özüne zelel edýär, bolany). Alla bolsa şükür ediji bendelerini mynasyp sylaglaýar.

145. Her bir jan diňe Allanyň islegi bilen we anyk belgilenip goýlan müddetde ölýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýata şeýle düşünmek gerek: gorkaklyk ömri uzaltmaýar, gaýduwsyzlyk-edermenlik bolsa ony gysgaltmaýar. Her nähili çäre-seresaplyk Allanyň kaza kadaryny (ölüm möhletini) üýtgetmeýär. Bes, näme sebäpden hak ýolundaky göreşden gaçmakçy bolýarsyňyz?!

Kim dünýä sogabyny islese, (ýagny, diňe olja isläp jeňe girse), oňa şol isläp närsesini berýäris. Kim ahyret sogabyny islese, oňa-da isläp närsesini berýäris. We şükür edýänleri mynasyp sylaglaýarys.

146. Näçe-näçe pygamberler geçip, olar bilen bilelikde köpden-köp hudaýparazlar jeň edenler. Hem-de Alla ýolunda özlerine ýeten

kynçy-lyklar sebäpli, sustkeşlik-ejizlik etmändiler we (duşmanlaryna) boýun egmändiler. Alla, ine, şeýle sabyr edýänleri söýýär.

147. Olaryň aýdan gepleri diňe şundan ybaratdy: "Perwerdigär, günälerimizi we işlerimizdäki hatalarymyzy geçir, gadamlarymyzy (jeň meýdanynda) sabyt (gutly) et we bize bu dinsiz kowumy ýeňmäge güýç ber!

148. Bes, Alla olara hem bu dünýä sogabyny (ýeňiş we mal-dewleti) we ahyretdäki gözel paýy (jenneti) berdi. Alla gözel amal edijileri söýýär.

149. Eý, möminler, eger dinsiz kimselere etagat etseňiz (bolsaňyz), sizi yzyňyza (küfre) dolandyrýarlar. Onda zelel görüjilere öwrülersiniz.

150. Ýok, (olar siziň dostuňyz däl). Alla eýäňizdir. We Ol iň ýagşy kömekçidir.

151. (Tanry ekenligiýe) hiç hili hüjjet-delil gelmedik närsäni (ýagny, jansyz butlary) Alla şärik edendikleri sebäpli, dinsiz kimseleriň kalblaryny gorka saljakdyrys. Olaryň barjak jaýlary jähennemdir. Zulum edijileriň jaýlary şeýle bir ýaman jaý

152. Alla öz wadasynda tapyldy. Onuň idini bilen dinsizleri gyryp başladyňyz. Tä sustkeşlik edip, Pygamber alaýhy-s-salamyň emri-per- manlary barasynda jedelleşip we Alla siziň ýagşy gören närsäňizi (ýagny, ýeňşi) gözüňize görkezip goýanyndan soň, Pygamberiň emrinden ýüz öwren wagtyňyza çenli, bu üstünlikleriňiz dowam etdi. Araňyzda mal-dünýä isläп kişiler hem, ahyret isläп kişiler hem bardy. Soňra sizi synamak üçin (ýeňşe derek ýeňliş tarapa) öwrüp goýberdi. Soňra günäleriňizi bagyşlady. Alla iman eýelerine fazyl-merhemet sahybydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Uhud jeňi başlanmazyndan öň pygamber alaýhy-s-salam elli mergeni dagyň üstünde goýup, olara orunlaryndan gozganman musulmanlary gorap durmagy tabşyrdy. Uruş başlan badyna, musulmanlaryň döwi belent gelip, ýeňiş gözlerine göründi. Şonda ol mergenlerden käbirleri oljasyz galmazlyk üçin, käbirleri eňdik diýip oýlap, pygamberiň goýan ýerinden - dagdan düşüp gidenler. Şonda dagyň arkasynda bukuda duran duşman esgerleri arka tarapdan duýdansyz hüjüme başladylar we garaşylmadyk hüjümden howp-howsala düşen musulmanlary (ýeňdiler. Musulmanlaryň pygamberiň permanlaryny) berjaý etmändikleri olary göz-görtele ýeňişden mahrum kyldy. Aýadyň soňunda Allanyň olaryň bu günäsini bagyşlandygy beýan edilýär we olar Allanyň fazly-merhemetinden, kereminden näumyt bolmazlyga ündelýär.

153. (Eý, möminler), hiç kime bakman, (jeň meýdanyndan) çykyp giden wagtyňyzy ýatlaň! Elbetde, pygamber çagyrmakçydy. Emma size ýetmedik närselere (ýeňiş, olja) we size ýeten zatlara (ýeňliş, gurban) hapa bolmazlygyňyz üçin Alla size gam üstüne gam berdi. Alla edýän amallaryňyzdan habarlydyr.

154. Soňra bu gamyň yzyndan size bir aram ukusyny berdi, ol sizden bolan bir topar kişileri (ýagny, hakyky möminleri) gurşap aldy. Başga bir topar (ýagny, mynapyklar) bolsa, Alla barasynda nädogry, dinsizlerçe betgüman bolup, öz janlarynyň gamyny edip galdylar. Olar: "Indi biz üçin hiç hili ýeňiş bolmaýar" diýýärler. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Ähli iş Allanyň (elinde)!" Olar öz kalbynda size äşgär däl zady (mynapyklyklaryny) gizleýärler. Aýdýarlar ki: "Eger erkimiz özümizde bolan bolsady, bu ýerlerde ölüp gitmezdik". Aýdyň (Eý, Muhammet): "Eger öýde gizlenip galan hem bolsaňyz, ölüme Alla tarapyndan höküm edilen kişiler, şübhesiz, gurban jaýyna gelerdi". (Alla bu ýeňlişi) göwünleriňizdäki närsäni (imany ýa-da näpäkligi, niýeti) barlamak we kalbyňyzdaky närsäni (imany) päklemek üçin kyldy. Alla kalblary eýelän syrlary bilijidir.

155. Iki jemagat çaknyşan güni siziň araňyzdan (uruş meýdanyndan) gaçan kişileri diňe şeýtanyň özi, öz eden käbir günäleri sebäpli, ýoldan azdyrdy. Indi Alla olaryň günälerini geçirdi. Elbetde, Alla magrypatly, helimdir.

156. Eý, möminler, küfr ýoluny tutan we başga ýerlere sapar ,edip ýa-da gazawata çykyp giden dostlary hakynda: "Eger biz bilen bile galan bolsalar, ölmedik we öldürilmedik bolardylar" diýýän kimselere meňzemäň. (Bu gepleri) Alla olaryň kalblaryna hasrat edip salýar. Ahyr, dirildýän hem, öldürýän, hem Alladyr! Alla edýän amallaryňyzy görýändir.

157. Kasam ki, eger Alla ýolunda öldürilseňiz ýa-da ölseňiz, elbetde, Alla tarapyndan boljak magrypat we rahmet olaryň (ýagny, mynapyklaryň, dinsizleriň) toplan dünýäsinden ýagşyrakdyr.

158.*Kasam ki, eger ölseňiz hem, öldürilseňiz hem, elbetde, Allanyň gaşyna barjaksyňyz.*

159. (Eý, Muhammet), Alla tarapyndan bolan bir merhemet sebäpli,olara (sahabalaryňa) ýumşak sözli bolduň, Eger gopal, daşýürek bolan bolsadyň, elbetde, töwerek-daşyňdan dargaşyp giderdiler. Emma olary geçir, olar üçin geçir, olar üçin Alladan magrypat soraň we işleriňizde olara maslahat salyň! Indi (maslahat edeniňizden soň, bir işi) kasd etseňiz, Alla söýeniň, töwekgellik ediň! Elbetde, Alla Özüne söýenip (iş edýänleri) söýýär.

160.*Eger size Alla ýar bolsa, hiç kim sizden üstün bolmaz. We eger sizi kömeksiz goýsa, Ondan özge hiç bir zat kömekçi bolmaz. Iman getirenler Allanyň diňe özüne söýensin!*

161. Hiç bir pygamber üçin (uruşdan düşen oljalara) hyýanat etmek ýerlikli däl. Kim hyýanat kylsa, kyýamat güni (Allanyň öňüne) eden hyýanaty bilen bile gelýändir. Soňra her bir jan mazlum (biçäre)

bolmadyk halynda eden amalyna görä jeza alýar.

162. Allanyň razylygyny islän kişi Allanyň gazabyna duçar bolan, barjak ýeri jähennem bolan kimse ýaly bolarmy? Örän ýaman akybet bu!

163. Olar Allanyň öňünde her hili derejede bolýarlar. Alla olaryň edýän amallaryny görüjidir.

164.Elbetde, Alla möminlere özlerinden bolan (ýagny, adam jynsyndan), Allanyň aýatlaryny tilewat edýän, (günälerinden) päkleýän hem-de olara Kitaby we Hikmeti öwredýän pygamberi ibermek bilen ýagşylyk etdi. Mundan ozal olar açyk azaşýardylar.

165.(Eý, möminler) eger size (Uhudda duşman tarapyndan) bir musybat ýetse, munda siz (Bedr jeňinde) oňa iki esse musybat ýetiripdiňiz. Bu bela nirden geldi?!(Eý, Muhammet), olara:"Bu musybat-ýeňliş öz kylmyşlaryňyzdan" diýip aýdyň! Elbetde, Alla hemme närsä kadyrdyr.

166-167. Iki jemagat çaknyşan güni size ýeten musybat Allanyň islegi bilen we hakyky möminleri tanamak üçin hem-de nypak (ikiýüzlülik) ýoluna giren kimseleri anyklamak üçin boldy. Olara: "Geliň, Alla ýolunda jeň ediň ýa-da (hiç bolmasa, biziň, sanymyzy kepeltmek bilen duşmany) dep ediň," diýilse, "Eger jeň boljagyny anyk bilen bolsak, siziň yzyňyzdan barardyk" diýýärler. Şol gün olar imana görä küfre ýakynrakdylar. Olar göwünlerinde bolmadyk närseleri gepleýärdiler. Alla bolsa olaryň gizlän syrlaryny örän ýagşy bilijidir.

168. (Eý, Muhammet), şol özleri galyp, dostlary hakynda: "Eger biziň gepimize gidip (jeň kylmakdan ýüz öwrenlerinde) öldürilmedik bolar-dylar" diýýän kimselere: "Eger diýýän gepiňiz çyn bolsa, öz-özleriňizden ölümi dep ediň hany?!" diýip aýdyň!

169-170. Alla ýolundaky jeňde öldürilenleri hergiz ölüler diýip oýlamaň! Ýok, olar dirilerdir! Ol zatlar (şehit ynsanlar) Allanyň öz keremi bilen beren nygmatlaryndan göwünleri jem bolup we häli yzlaryndan ýetip gelmedik ýoldaşlaryna hiç hili howp-hatar ýoklugyny we gamgyn bolmazlyklary üçin hoşhabar berýändirler.

171-172. Olar Alla tarapyndan bolan nygmat we fazyl-kerem hakynda hem-de özlerine ýara ýeteninden soň hem Alla we resulyna boýun synan möminleriň ajyry-sylagyny Alla zaýa etmez diýip hoşhabar berýär. Olaryň arasyndaky gözel etagat eden we Alladan gorkanlar üçin uly ajyr-sylag bardyr.

173.Onuň ýaly musulman ynsanlara käbir kimseler: "Kureýş adamlary size garşy (sansyz leşger) toplady, gorkuň!" - diýenlerinde, bu gep olaryň imanlaryny artyk etdi we: "Bize ýalňyz Allanyň özi kipaýa (ýeterli). Ol iň ýagşy ynançly wekildir!" - diýdiler.

174.Şeýdip ýörişden hiç nähoşluk etmän, Allanyň nygmat we keremi bilen dolandylar. Olar Allanyň razylygyny islediler, Alla bolsa, beýik kerem, merhemet sahybydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda musulmanlaryň Uhud jeňinden soňky ahwaly beýan edilýär. Rowaýat etmeklerine görä, müşrikler Uhudda musulmanlardan üstün çykyp, öýlerine gaýdanlarynda, ýolda: "Nämüçin olary bütinleý gyryp taşlamadyk?" diýip, nedamat kyldylar. Bu söz resulyllaha ýetende, ol müşrikleriň ýüregine gorky salmak we olara entäk güýç-kuwwatlarynyň bardygyny görkezmek üçin musulmanlary olaryň yzyndan ibermekçi boldular. Musulmanlar Uhud jeňinde köp gurban berenlerine we ýara alanlaryna garaman, pygamberiň çakylygyna "Lepbeý" diýip jogap berdiler we azdyryjy bir şeýtanlaryň "Kureýşli müşrikleriň san-sajaksyz leşgeri bar" diýen was-waslary hem olary gorkuzyp bilmedi, gaýta, imanlaryny zyýada kyldy, bolany. Olar pygamber alaýhy-s-salam bilen bile müşrikleriň yzyndan baryp, Hemra al Asad diýen ýerde olary kowup ýetdiler. Şonda Alla tagala müşrikleriň ýüreklerine bir gorky saldy we olar musulmanlar bilen jeň etmäge het edip bilmediler we musulmanlar aman-esen Medinä gaýdyp geldiler.

175.Elbetde, şol (sizi was-wasa salmakçy bolan) şeýtanyň özüdir. Ol sizi özüniň dostlaryndan (kapyrlardan) gorkuzmakçy bolýar. Ýok, eger mömin bolsaňyz, olardan gorkmaň, Menden gorkuň!

176.(Eý, Muhammet), küfre-dinsizlige howlugýan kimseler sizi gamgyn etmesin! Elbetde, olar Alla hiç hili zelel ýetirip bilmezler. (Diňe) Alla olar üçin ahyretde hiç hili nesibe bolmazlygyny isleýär. Olar üçin ulug azar bar (bolany).

177.Elbetde, küfri imana çalyşýan kimseler Alla hiç zelel ýetirip bilmeýärler. Olar üçin içýakyjy agyr azap bardyr.

178.Küfr ýoluny tutan kimseler olara beren möhletimizi, zynhar, özleri üçin ýagşylyk diýip hasaplamasynlar. Belki, biz olara diňe günälerini artyk etmekleri üçin möhlet berýäris. Olar üçin har ediji azap bardyr.

179.Alla möminleri siziňki ýaly ýagdaýda (ýagny, kim mömin-u, kim-mynapyklygy mälim bolmadyk halda) taşlaýjy däl. Häli ol (Uhudda mynapyklary möminlerden parhly edip goýşy ýaly) näpäki päkden parhlan- dyrýar. Alla sizi gaýyp ylymdan habardar etmedi. Ýöne Alla pygamberlerinden Özi islänlerini saýlap alýar (we ony gaýypdan habardar edýär). Bes, Alla we onuň pygamberlerine iman getiriň. Eger iman getirip, Alladan gorksaňyz, siz üçin ulug sylag bardyr.

180.Alla keremi bilen alnan närseleriniň (zekatyny) bermäge gysgançlyk eden kimseler hergiz bu kylmyşlaryny özleri üçin ýagşylyk diýip hasap etmesinler! Ýok, bu kylmyşlary özleri üçin ýamanlykdyr.

Gysgançlyk edip, bermedik närseleri kyýamat gününde boýunlaryna oraljak! (Ähli janly-jansyz närseler gider we) asmanlar, Ýer miras bolup Allanyň özüne galar. Alla edýän amallaryňyzdan habarlydyr.

181.Elbetde, Alla: "Alla garyp, biz baýdyrys" diýen kimseleriň sözüni eşitdi. Olaryň aýdan geplerini we pygamberleri nähak öldürenlerini

ýazyp goýýarys we (kyýamat güni olara): "Jähennem azabyny dadyp, görüň!" diýýäris.

182.Bu(azap) öz eden günäleriňiz sebäplidir. Elbetde, Alla bendelerine zulum ediji däldir.

183.Ol kimseler: "Elbetde, Alla haýsy-da bolsa bir pygamber tä bize bir gurbanlyk bagyşlap, ony (asmandan düşen) ot-ýalyn iýip gitmeýänçä, oňa iman getiriň diýip buýrandyr" diýdiler. Aýdyň (Eý, Muhammet):

"Hakykatda, menden öň size köp pygamberler açyk hüjjetler (deliller) we siziň diýýän närsäňizi (ýagny, gurbanlygy) getirdiler. Eger, şu gepleriňiz çyn bolsa, näme üçin olary öldürdiňiz?!"

184.(Eý, Muhammet), eger sizi (seni) ýalançy eden bolsa, (ýalançy diýseler, asla gamgyn bolma, çünki) sizden öň hem açyk hüjjetler, elýazmalar we nurly Kitap getiren kän pygamberler ýalançy hasap edilipdi.

185.Her bir jan ölümi dadyjydyr. We kyýamat gününde hiç şek-şübhesiz ajyr (paý) sogaplaryňyzy kemally suratda alýarsyňyz.

Bes, kim dowzahdan çetleşdirilip, jennete girizilse, ebedi (bagt-sagadat) gazanýar. Bu dünýäniň ýaşaýşy bolsa aldaýjy matadyr.

186.Elbetde, mal-janlaryňyzda synalyp görülýärsiňiz. (ýagny, Alla tagala mal we janlaryňyza her hili apat belalar iberip, siziň imanyňyzy barlap görýär). We, elbetde, sizden öň Kitap berlen kimseler tarapyndan we näşükürler tarapyndan kän azarlar eşitjeksiňiz. Eger (azarlaryna) sabyr-takat etseňiz we Alladan gorksaňyz (najat-kömek taparsyňyz). Çünki, bu iş (ýagny, sabyr-takatly bolup, Alladan gorkmak) işleriň maksada laýygydyr.

187.Ýatlaň (Eý, Muhammet), Alla Kitap berlen kimselerden "Elbetde, ol Kitaby adamlara açyk beýan edersiňiz we gizlemersiňiz!" diýip ähdi-peýman alypdy. Soň olar bu ähdi-peýmany arkalaryna taşladylar we ony azajyk nyrha satdylar. Olaryň bu alyp-satmalary

örän ýaman iş boldy.

188.*(Eý, Muhammet) eden işleri (ýagny, adamlary hak ýoldan azaşdyr-maklary) bilen hoşal bolýan we etmedik işleri üçin öwgi eşitmegi ýagşy görýän kimseler azapdan daş mekandadyrlar diýip zynhar oýlamaň! Olar üçin gazaply azap bardyr.*

189.*Asmanlar we ýerdäki bar mülk Allanyňkydyr. We Alla hemme närsä kadyrdyr.*

190.*Asmanlar we Ýeriň ýaradylyşynda hem-de gije-gündiziň çalşyp durşunda akyl eýeleri üçin aýat-alamatlar barlygy şübhesizdir.*

191.*Olar turanda hem, oturanda hem, ýatanda hem Allany ýatlaýarlar hem-de asmanlar we Ýeriň ýaradylyşy hakynda anyk edip (diýýärler):*

"Perwerdigär, muny (barlygy) bihuda ýaratmadyň! Sen (bihuda iş etmek aýbyndan) päk Sen! Özüň bizi jähennem odundan: gora!

192.*Perwerdigär, elbetde, Sen kimi jähenneme girizseň, muhakkak - (ebedi anyk) ony ryswa edýärsiň. We beýle zalymlar üçin hiç hili kömekçi ýokdur.*

193.*Perwerdigär, elbetde, biz: "Perwerdigäriňize iman getiriň!" diýip, imana çagyran jarçy (Muhammet alaýhy-s-salamyň owazasyny) eşiden badymyza iman getirdik. Perwerdigär, biziň günälerimizi magrypat kyl (geçir), eden ýamanlyklarymyzy (sahypa sogabymyzdan-amalymyzdan) öçürgil we bizi ýagşylyklar bilen bile öldür!*

194.*Perwerdigär, bize pygamberleriň arkaly wada eden närseleriňi (jennet, magrypat, bag-bakja we başga-da nygmatlaryňy) bergil we bizi kyýamat güni ryswa etmegin! Elbetde, Sen wadaňa garşy bolmarsyň!"*

195.*Bes, Perwerdigär olaryň dileg-dogalaryny hasyl edip (diýdi);*

"Elbetde, Men sizden hiç biriňiziň ýa erkek, ýa-da aýalyň amalyny zaýa etmegeý Men. Şunlukda birewiňiz birewiňizdensiňiz (ýagny, erkek aýaldan, aýal erkekden dünýä gelen). Bes, watanlaryndan aýra düşen, ülkelerinden kowlan, Meniň ýolumda ezetler çeken we (Meniň ýolumda) jeň edip, gurban edilenleriň eden günälerini öçürýärin we olary Allanyň öňünde sogap-sylag edip, aşagyndan derýalar akyp durýan baglara girizýärin. We iň gözel sogap-sylag Allanyň alnyndadyr.

196.Sizi dinsiz kimseleriň ýurtda gezişleri aldawa salmasyn!

197.(Bu ýelip-ýüwürmek, ýeňijiler ýaly gezmek) azajyk haýyrdyr. Soňra jaýlary jähennem bolgaý! Ol şeýle bir ýaman jaýdyr!

198.Emma Perwerdigärinden gorkanlar üçin Allanyň öňünden bagyş eden, aşagyndan derýalar akyp duran baglary bar bolup, olar bu baglarda hemişelik galýarlar. Ýagşylar üçin Alla alnyndaky närse (ýagny, sogap-ajyr dinsizleriň wagtlaýyn keýpi-sapalaryndan) afzaldyr.

199.Elbetde, Kitap berlenleriň içinde Allaha hem-de size hasyl edilen we özlerine hasyl edilen närselere iman getiriji, Allaha etagat edip, baş egýän, Allanyň aýatlaryny azajyk nyrha satyp goýbermeýänler hem bardygy anyk-röwşendir. Ine, şolar üçin Perwerdigär öňükde sogap bardyr. Elbetde, Alla hasap-kitap ediji zatdyr.

200.Eý, möminler, sabyr ediň we sabyr-takat etmekde (dinsizlerden) üstün boluň hem-de hemişe (göreş-jihat üçin) biliňiz guşalgy, taýyn boluň duruň! We Alladan gorkuň, ana, şonda, dogrudan hem iki dünýä bagtyny gazanarsyňyz!

4. AÝALLAR SÜRESI

Bu süre hem Medinede hasyl bolan uzyn sürelerden bolup, bir ýüz ýetmiş alty aýatdan jemlenen. Ol musulmanlaryň içki we daşky iş hyzmatlaryna degişli şerigat düzgün-kadalary bilen doly bir süredir.

Onda aýala, öýe, maşgala, döwlete, jemgyýete bagly bolan möhüm sowallara jogap berilýär hem-de birewleriň garamagyndaky ýetim—ýesirler we olaryň hak-hukuklary dogrusynda söz barýar. Bu sürede şonuň ýaly, miras hökümleri hem doly beýan edilýär. Bulardan başga-da, är-aýal arasyndaky aragatnaşyklar - olaryň bir-birleriniň öňündäki hukuklary we borçlary hem-de äriň maşgalada baştutanlygy we bu hukukdan onuň nähili peýdalanmalydygy hakynda ýol-ýordamlar berilýär. Soňra maşgala çyzy-gyndan jemgyýet meýdanyna çykyp, jemgyýetiň pugta bolmagy üçin kişiler arasynda birligiň we mähir-muhabbetiň, halyslygyň we bagrygiňliginiň berkarar bolmagynyň zerurlygy özüne has usulynda düşündirilýär. Bu sürede başgalara garanyňda aýallara degaşli hökümler köp we doly beýan edilenligi sebäpli, oňa "Nisa" (ýagny, "Aýallar")diýlip at berlendir.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Eý, ynsanlar! Sizi bir jandan (Adamdan) ýaradan we ondan jübütini (Howany) wujuda (ýüze) getiren hem-de ol ikisinden köp erkekleri we aýallary ýaýradan Perwerdigäriňizden gorkuň! Ýene araňyzdaky sorag-jogaplarda orta ady salynýan Alladan gorkuň we garyndaş-uruglaryňyz bilen aýrylyşyp gitmekden saklanyň! Elbetde, Alla üstüňizden seredip duran gudratdyr.

2.*(Kemalata ýetenlerinden soň gol astyňyzdaky) ýetimlere mallaryny beriň we siz üçin haram bolan (ýetimleriň mallaryny öz hakyňyz bolan) halal närsä çalyşmaň! We olaryň mallaryny özüňiziň malyňyza goşmaň! Bu uly günädir.*

3. Eger ýetim gyzlara adalatly bolup bilmerin öýtseňiz, siz üçin nika düşýän aýallara ikiden, üçden, dörtden öýleniberiň. Indi eger (olar barasynda) adalat edýp -bilmezlikden gorksyňyz, bir aýala (öýleniň) ýa-da el astyňyzdaky çory bilen (kipaýalanyň-kanagatlanyň). Ine, şu jebir zuluma geçip gitmezligiňize ýakynrak işdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ulamalar bu aýaty aşakdaky ýaly teswir edýär-düşündirýär: Şerigat kanuny boýunça, ata-eneden aýrylyp, ýetim galan gyzy öz garamagyna alan adamyň ol gyza öýlenmäge haky bar. Ýöne endige görä, beýle ýagdaýlarda köplenç gyzyň galyňyny doly bermän, arzan öýlenmegiň ýoluna düşülýär. Şonuň üçin Gurhan: "Ýetim gyzlaryň hakyny berip bilmezlikden gorksaňyz, siz üçin nika düşýän aýallara ikiden, üçden dörtden öýleniberiň" diýip, rugsat berýär we derrew ol aýallar meselesinde adalatly bolmak şertdir diýip takyklaýar. Galyberse-de, Yslamdaky bu kanun Gurhan hasyl bolan döwürde giň ýaýran köp aýallylygy tertibe salmak üçin ýaradylandyr. Çünki Yslam gelmezinden öň, bir erkegiň el astynda onlap aýal hiç hili hak-hukuksyz, adalatdan, hormatdan, ünsden mahrumdyrlar. Yslam gelenden soň, "dörtden köp aýal almaly däl" diýip kanunlaşdyryldy. Ýöne, barybir, hökmany suratda şeýle sorag döreýär: Eger adalat bar bolsa, näme sebäpden bir erkege diňe bir aýal bilen durmuş gurmak emr edilmedi? Yslam ulamalary bu soraga şeýle jogap berýärler. Mälim ki, Yslam - ömürlik dindir, Ýagny, ol ynsanlary päkize durmuş geçirmäge çagyranda, gaýry ömürlik ýollary tutmaýar. Şunlukda, bu kanunda hem ömürlik ynsan durmuşy nazarda tutulan. Birinjiden, asyrlar dowamyndaky tejribeleriň görkezişi boýunça, erkek oglana görä gyz köpräk dogulýar. Ikinjiden, aýalyň erkege görä dowamlyrak ýaşaýandygy hem ömürlik hakykatdyr. Üçünjiden, dürli pajygalar, esasan, uruş we çaknyşyklar zerarly erkekler gurban bolýar. Ine, şu we ýene başga köp sebäpler netijesinde ynsan äleminde mydam aýallaryň sany erkekleriňkiden artyk bolýar. Diýmek, bir erkek diňe bir aýala öýlense, erkekleriň sanyndan artyp galan aýallara zulum edildigi bolýar. Ýagny, ol aýallar özleriniň durmuş gurmak we ene bolmak hukuklaryndan mahrum bolup galýardylar. Netijede, jemgyýetde haramylyk, jynsy bozuklyk ýüze çykýar. Şonuň üçin;-: Yslam maddy mümkinçilikleri bolan kişilere eger adalat etmegiň hötdesinden gelseler, birden artyk aýal bilen durmuş gurmaga rugsat berýär we şu ýol bilen bile aýallary dogrusynda adalatly

bolman, diňe jynsy nebsini gandyrmak üçin köp hatyn almaga yhlas goýan kimseler üçin ahyretde agyr azap bardygyny duýdurýar.

4. Hatynlaryňyza galyňyny sowgat ýaly (ýagny, çyn göwünden, hoşallyk bilen) beriň! Eger özleri siziň üçin galyňdan bir närsäni öz islegi bilen ygtyýarly röwüşde geçseler, siz üçin päk we mübärek hasaplap iýiberiň!

5.(Gol astyňyzdaky) akylsyz kimselere Allanyň siz üçin durmuş guraly edip ýaradan mallaryny bermäň. Ýöne olary (şol) zatlardan iýdirip-geýdiriň we olara ýagşy sözler bilen mylakat ediň!

6. Ýetimleri tä kämillik ýaşyna ýetýänçä, seredip-barlap duruň. Eger olaryň akyl-huşy ýerindedigini bilseňiz, mallaryny özlerine tabşy-ryň. Ol mallary zaýa edip we (eýeleri) ulalmanka, howlugyp iýäýmäň. (Ýetime hossar bolan kişi) eger baý bolsa, (ýetimiň malyndan) saklansyn.

Eger garyp bolsa, ýagşylyk bilen (ýagny, eden hyzmatyna görä) alyp iýsin. Mallaryny özlerine gaýtaranyňyzda bolsa, şaýat getiriň. Allanyň özem ýeterlik hasap edijidir.

7. Ärler üçin ata-eneleri we dogan garyndaşlarynyň galdyryp giden mirasyndan ülüş bardyr. Bu ülüşler az-u-köplügine (seretmezden) parz edilen hakdyr.

8. Miras paýlaşygynda uzak garyndaşlar, ýetim we misginler hem gelseler, olara hem şu mirasdan ülüş berip, ýagşy sözler aýdyň.

9.(Birewiň ölüminiň üstüne gelen) kişileriň özleri ejiz natuwan perzentlerini galdyryp wepat etseler, olardan howatyr alyşlary ýaly (özleriniň ýetimleriniň hakyndan hem) gorksunlar. Bes, Alladan gorkup, hak sözi aýtsynlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat ölüm sagatlary ýakynlaşyp gelen wagtynda tapan mal-mülküni perzent- lerine galdyrman, biganalara ýatlara haýyr-yhsan edip goýbermegi ýa-da miras almak hukugy bolmadyk kimselere weset

edip gitmegi niýetlän kişileriň beýle nämakul niýetlerinden habardar bolar adamlar hakynda hasyl bolup, olara ýetimleriň hakyndan gorkmak we ölüm ýassygyndaky kişä dogry sözleri aýdyp, ony bu adalatsyz işden gaýtarmak buýrulýar.

10. Ýetimleriň mallaryny zulum ýoly bilen iýýän kimseler, şek-şübhesiz, garynlaryna ot (ýalyn) iýýändirler. We, elbetde, dowzaha girýändirler!

11. Alla perzentleriňize (degişli miras) hakynda bir ogul üçin iki gyz ülşi barabarynda miras bermegi emr etdi. Eger mirasdarlar ikiden artyk aýal bolsa, olara äriň galdyran närsesiniň üçden ikisi, eger ýeke gyz bolsa, oňa (mirasyň) ýarymy düşer. Eger merhumyň perzendi bolsa, ata-enesiniň her birine galdyran mirasyndan altydan biri düşýär.

Indi eger perzendi bolman, diňe ata-enesi (mirasdar) bolsa, ol halda enesine üçden biri deger (galany atasyna galýar). Eger onuň aga-inileri bolsa, enesine altydan biri deger. (Galan bölegi bolsa atasyna degýär), mundan merhumyň inilerini iýdirip-geýdirmek, öýlendirmek, jaý tutup bermek atanyň borjudyr. Bu (paýlaşyklar) merhumyň eden weseti we onuň bergisi galmadyk halda bolýar. Ata-eneleriňiziň we perzentleriňiziň haýsy birleriniň siz üçin peýdasy degýänräkligini bilmeýärsiňiz. (Eger özüňize galsa, miras paýlaşygyny hem adalatly geçirip bilmersiňiz. Şu sebäpden, kime näçe miras degjegi) Alla tarapyndan pugta parz edilip goýuldy. Elbete, Alla bilim we hikmet eýesidir.

12. Size aýallaryňyzyň galdyran mirasyndan - eger olardan perzent galmadyk bolsa - ýarymy degýär. Indi eger olardan perzent galan bolsa, size olaryň mirasynyň dörtden biri degýär. (Bu paýlaşyklar) wepat eden aýalyň weseti bilen we onuň bergileri üzülenden soň bolýar. Olara (hatynlaryňyza) siziň galdyran mirasyňyzdan - eger sizden perzent galmadyk bolsa - dörtden biri degýär. Indi eger siziň perzendiňiz galan bolsa, olara siziň mirasyňyzdan sekizden biri

deger. Bu (paýlaşyk) siziň eden wesetiňiz esasynda bergileriňiz üzülenden soň bolýar. Eger miras galdyran erkegiň ýa-da aýalyň atasy we perzendi bolman, (ene tarapyndan) bir agasy ýa-da inisi, ýa-da bir bibisi, ýa-da gyz uýasy galan bolsa, olaryň ikisinden her birine mirasyň altydan biri degýär. Indi eger olar birden artyk bolsalar, olar mirasyň üçden bir bölegine deň şärik bolýarlar. Bu (paýlaşyklar) mirasdarlara zelel ýetirmeýän halda edilen weset we bergiler üzülenden soň bolýar. (Bu hökümler) Alla tarapyndan bolan emr-permandyr. Alla biliji we helimdir.

13. Ine, şu Allanyň (belgiläp goýan) çäkleridir. Kim Alla we onuň pygamberine etagat etse (boýun bolsa), ony aşagyndan derýalar akyp durýan jennete girizip, şol ýerde baky durmuş bagyş edýär. We bu uly ýeňişdir.

14. Kim Alla we Onuň pygamberlerine boýun bolman, Allanyň belgiläp goýan çäklerine ikilik etse, ony ömürlik dowzaha dahyl eder. We onuň üçin har ediji azap bardyr.

15. Hatynlaryňyzdan haýsy bir aýal bozuklyk etse, onuň ýaly aýallaryň üstünden özleriňizden bolan dert kişini güwä ediň. Eger olar güwälik berseler, tä bu aýallara ölüm gelýänçä ýa-da Alla bir ýola salýança, olary öýlerinde saklaň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu we aşakdaky aýatdaky hökümler zyna eden aýallar we bozuk erkekler üçin buýrulan anyk jezady. Soňrak hasyl bolan "Nur" süresinde bu tema giň orun berlen we zyna edýän erkegi we aýaly eger maşgalasyz bolsa, ýüz dürre urmak, maşgalaly bolsa, üstüne daş ýagdyrmak hökümi berk belgilenip goýlandyr.

16. Sizden iki erkek şeýtse (ýagny, haramçylyk ýa-dy bozuklyk etse) olaryň (urup-sögmek bilen) temmisini beriň. Eger toba edip, özlerini düzetseler, olara azar bermäň. Elbetde, Alla tobalary kabul ediji we mähribandyr.

17. Elbetde, Allanyň tobalary kabul etmegi diňe haýsy-da bolsa bir günäni nadanlyk bilen edip, soňra derrew toba eden kişiler üçindir.

Alla, ine, şeýle kişileriň tobasyny kabul eder. Alla bilim we hikmet eýesidir.

18. Günä işleri mydama edip, haçan-da ölüm gelende: "Indi toba etdim" diýýän we dinsiz halda ölüp gidýän kimseleriň tobalary kabul edilmez. Olar üçin agyr azaby taýýarlap goýandyrys.

19. Eý, möminler, siz üçin hatynlary mejbury halda miras edip almak dürs däldir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam gelmezinden öň, eger bir aýalyň äri ölse, merhumyň hossarlarynyň biriniň ol aýaly mejbury halda hatyn edip almagy lazymdy. Yslam bu nämakul endigi gadagan etdi.

We (eger bile ýaşaşmak niýetiňiz bolmasa) beren galyňyňyzyň bir bölegini gaýtaryp almakdan ötri hatynyňyzyň (başga äre gitmegine) garşy bolmaň. Eger olar aç-açan bozuklyk etseler (onda beren galyňyňyzy almak mümkin). Olar bilen agzybir, rahat ýaşaň. Eger olary ýaman görseňiz hem (kanagat edip, agzybir ýaşaberiň). Meger, siz ýaman gören hem bolsaňyz, oňa derek Allanyň size köp ýagşylyklary taýyn edip goýan bolmagy mümkin.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslamdan öň haýsy-da bolsa bir aýalyň äri ony halaman, oňa meýilsiz bolsa, ol aýala dürli azaplar berip, janyndan irizse-de, talagyny bermeýärdi. Haçan-da ol ärinden alan mährinyň (galyňynyň) hemmesini ýa-da belli bir bölegini gaýtaryp berse, diňs şondan soň talagyny berýärdi. Yslam bu düzgüne çäk goýdy.

20. Eger bir hatyny taşlap, başga hatyna öýlenmekçi bolsaňyz, owalkysyna sanagsyz mal-dünýäni (mähr edip) beren bolsaňyzam, ondan hiç nersäni gaýtaryň almaň! Oňa töhmet atyp, açyk günäkär hökmünde galjakmy?

21. Ahyr bir-biriňiz bilen goşulyp, olar (ýagny, hatynlaryňyz) sizden gaty pugta ähdi-peýman alanlaryndan soň, nähili edip ony (ýagny, mähry) gaýtaryp alarsyňyz.

22. Atalaryňyzyň öýlenen hatynlaryna nikalaşmaň! Meger, öň bolan bolsa (öýlenen bolsaňyz, Alla bagyşlar). Elbetde, bu erbet we ýigrenji gylykdyr.

23. Siz üçin eneleriňiz, gyzlaryňyz, bibiňiz-gyz doganlaryňyz, gelnejeleriňiz, daýza- laryňyzyň, aga-inileriňiziň gyzlary, bibiňiziň - gyz doganlaryňyzyň gyzlary, emdiren eneleriňiziň, emişen bibiňiziň - gyz doganlaryňyzyň, gaýyn eneleriňiziň, jynsy- gatnaşykda bolan hatynlaryňyzyň terbiýäňizde bolan gyzlary (ine, şu sanap geçilen aýallara öýlenmek haram edildi) - eger hatynlaryňyz bilen jynsy gatnaşykda bolmadyk bolsaňyz (olary talak edeniňizden soň, owalky ärlerinden doglan gyzlaryna öýlenseňiz) siz üçin günä ýokdur. Ýene öz puşty kemeriňizden bolan ogullaryňyzyň hatyn- laryna (öýlenmegiňiz). hem-de iki gyz doganyň birini talak etmän, beýlekisine öýlenme- giňiz haram edildi. Meger, geçen bolsa (Alla bagyşlar). Elbetde, Alla magrypatly geçirimli we mähribandyr.

24. Ýene ärli aýallar (hem haram edildi). Meger (uruşda-jeňde) ele salan gyrnaklaryňyz halaldyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şol döwrüň dessuryna görä, uruşda ýesir düşen erkekler gula, aýallar bolsa, gyrnaga öwrülýärler. Bu aýatda eger ýesir düşen aýalyň öz watanynda äri galan bolsa-da, degişli mütdet ydda saklanyndan soň, eýesi üçin halal bolýandygy aýdylýar.

(Bu hökümleri) Alla boýnuňyza parz edip goýdy. Ine, şolardan başga aýallar bilen zyna etmedik halyňyzda, mallaryňyzdan mähr (süýt haky) berip öýlenmek Siz üçin halal edildi. Olar bilen nikalaşyp, ýakynlyk edeniňizden, bellenen mähry (süýt haky) beriň. Mähr bellenenden soň, özüňiz ylalaşan ýagdaýyňyzda (ýagny, olar öz ygtyýarlary bilen süýt hakyny almasalar), siz üçin günä ýokdur.

Elbetde, Alla bilim we hikmet eýesidir.

25. Haýsy-da bolsa biriňiziň başy boş mömin aýala öýlenmage mümkinçiligi bolmasa, dine giren gyrnaklardan birine öýlenip biler. Birewleriňiz birewleriňizdendir (ýagny, hemmäňiziň aslyňyz birdir).

Olaryň zynadan özüni saklan, bozuklyk etmedik we oýnaş tutunmadyk-laryna hojaýyn- larynyň razyçylygy bilen öýleniň we galyňyny doly beriň. Olar äre barandan soň bozuklyk etseler, azat aýallara berilýän jezanyň ýarysy berilýär. Bu (ýagny, gyrnaklara öýlenmek rugsady) saklanyp bilmän, bozulyp giderin öýden kişiler üçindir. Sabyr edip, (öýlenmän ýörmegiňiz) özüňiz üçin ýagşydyr. Alla geçirimli we mähribandyr.

26. Alla siziň şerigat hökümlerini berjaý etmegiňizi, sizden öň öten adamlaryň ýollaryny (hak ýoluny) dowam etmegiňizi, tobalaryňyzy kabul etmegi isleýär. Alla bilim we hikmet eýesidir.

27. Alla siziň tobalaryňyzy kabul etmegi isleýär, höweslerine berlen kimseler bolsa, (hak ýoldan) bütinleý azaşyp gitmegiňizi isleýär.

28. Alla Siziň, (ýüküňizi) ýeňletmegi isleýär, (sebäbi), ynsan ejiz ýaradylandyr.

29. Eý, möminler, zatlaryňyzy öz araňyzda nähak (ýagny, ogurlyk, garakçylyk, süýthorluk, parahorlyk) ýollar bilen iýmäň! Gaýta, özara razylyk bilen edilýän söwda-satyg arkaly mal-dünýä ediniň. Hem-de öz-özleriňizi öldürmäň. Elbetde, Alla size mähribandyr.

30. Kim biadyllyk edip, zorluk bilen şu işleri etse, Biz ony dowzahda ýandyrýandyrys. Alla üçin aňsatdyr.

31. Eger siz gadagan edilen uly günälerden saklansaňyz, kiçi günäleriňizi öçürýäris we sizi gözel menzile - jennete girizýäris.

32. Alla haýsy-da bolsa biriňize artyk nygmat beren bolsa, sizem ony arzuw etmäň. Erkekler hem özlerine degişli paýy alýandyrlar, aýallar hem özlerine degişli paýy. Siz Alladan merhemet soraň. Elbetde, Alla hemme zady bilijidir.

33. Her bir ynsany ata-enesinden, garyndaşlaryndan galan mirasa mirasdar etdik. Kim bilen ähti-peýman eden bolsaňyz, olara düşýän paýy beriň! Elbetde, Alla hemme zada güwädir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslamdan öň dogan-garyndaşlary bolmadyk adamlar hem öz aralarynda ähti-peýman edip, dostlaşanlaryndan soň, biri-bir-lerinden miras alýardylar. Yslamyň irki döwür- lerinde bu endik bikär hasap edilenokdy. Soň başga bir aýat bilen ol gadagan edildi.

34. Erkekler aýallaryň üstünden ýolbaşçydyr. Sebäbi, Allanyň olaryň birewlerini birewlerinden (ýagny, erkekleri aýallardan) artyk ýaradany üçindir we erkekleriň (aýallary üçin) mal-mülklerinden harajat edendikleri üçindir. Ýöne. tagat-ybadatly we ärleriniň ýoklugynda Allanyň hemaýaty bilen (ärleriniň maly-mülküni, syryny, öz namysyny) saklaýan hatynlar - ýagşy hatynlardyr. Hatynlaryňyzyň boýun bolmaz- lygyndan gorksaňyz, owal-a olara pent-nesihat ediň, soň (pent-nesihat- laryňyzy) tutmasa, düşegini terk ediň (olar bilen bile ýatmaň), soňra (ýagny, şonda hem boýun synmasalar) uruň. Emma size boýun bolsalar (ötünseler), olaryň garşysyna başga ýol gözlemäň. Elbetde, Alla iň beýik we mähriban, giň göwrümlidir!

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatda maşgaladaky är bilen aýalyň orny kesgitlenipdir. Şerigat kanuny boýunça är owal-a tutuş maşgalanyň ähli maddy ýagdaýyna, rahatlygyna, ýeter-ýetmezçiligine jogapkär bolan, ony gapdaldan täsir edýän her hili ýaramaz hatalardan goraýan şahsdyr. Ine, şularyň boýnuna düşýändigi üçin, erkek kişä berlen agraslyk, basalyklylyk, hojalyk ýöretmekde, maşgala döretmekde aladaçyllyk üçin ol maşgalabaşy hasaplanýar. Ýagşy hatyn bolsa, dyýanatly, äriniň öýüni abat edýän we oňa ömürboýy wepaly bolan aýaldyr. Eger hatyn tarapyndan är-aýalyň

agzybirligine howp salýan bir gylyk-häsiýet ýüze çyksa, äriň wezipesi owal-a oňa ýagşylyk bilen düşündirmek, düşünmese, mähir-muhabbetini hormatlap, mylakat bilen öz närazylygyny bildir-mekdir. Bu işler peýda bermedik wagtynda diňe erkege (ony urup köşeşdirmek üçin däl-de, dogry ýola salmak maksady bilen) hatynyna el götermäge rugsat berilýär. Elbetde, äre boýun bolmagy özi üçin borç diýip bilýän hatyn we özünden gudratly Allanyň görüp duranlygyna imany kämil är bu soňky çärä çenli baryp ýetmeýär.

35. Eger är-aýalyň arasynyň bozulmagyndan gorksaňyz, är tarapyndan bir şaýat, aýal tarapyndan bir şaýat çagyryň. Eger olar agzybirlik etmek isleseler, Alla är-aýalyň köňlüne birligi salýar. Elbetde, Alla biliji we habardardyr.

36-37. Alla bendelik ediň we Oňa hiç zady şärik etmäň! Ata-eneňize, dogan-gardaşlaryňyza, ýetim-misginlere, garyndaş goňşa we bigäne goňşa, ýanyňyzdaky ýoldaşyňyza, ýolagçy mysapyra we eliňizdäki gullara ýagşylyk ediň! Elbetde, Alla özleri bahyllyk edýän we özge adamlary hem bahyllyga çagyrýan hem-de Allanyň fazly-keremi birlen beren nygmatlaryny gizleýän içigara we öwünjeň bolan kimselere söýmeýär. Biz beýle kapyrlar üçin har ediji azaby taýýarlap goýandyrys.

38. Ýene mallaryny adamlar görsün diýip (ýöriteläp) yhsan edýän, özleri bolsa ne Alla, ne ahyret gününe iman getirýän kimseleri hem (Alla söýmeýer). Kime şeýtan dost bolsa, ol iň ýaman dostdur.

39. Eger Alla we ahyret gününe iman getirseler we Allanyň rysk edip beren zatlaryndan yhsan etseler, olara nähili zelel bolsun?! Alla olaryň (eden amallaryny) bilijidir.

40. Şübhesiz, Alla birewe zerreçe zulum etmez. Eger zerreçe ýagşylyk bolsa, ony hem birnäçe esse eder we öz huzuryndan ulug paý eda kylar.

41.(Eý, Muhammet), biz her bir ummatdan (şol ummatyň pygamberini) güwä getirsek we sizi olara garşy güwä goýsak, olaryň haly niçik bolar?!

42. Ol günde kapyr bolan we pygambere etagatsyzlyk (bihormat) eden kimseler, ýer bilen ýegsan bolup gitmegi arzuw ederler. We Alladan hiç zady ýaşyryp bilmezler.

43. Eý, möminler, täki gepleýän gepiňizi bilmegiňiz üçin, serhoş halda namaza golaý gelmäň! We ýene saparda bolmasaňyz, tä ýuwunmaýançaňyz, junub (arassa däl) halda (namaza ýakyn gelmäň). Eger näsag ýa-da saparda bolsaňyz, ýa-da, hajathanadan çykan bolsaňyz, ýa-da hatyny- ňyz bilen ýakynlaşan bolsaňyz, we suw tapyp bilmeseňiz, arassa toprak (çäge) bilen teýim edip, ýüzüňize we elleriňize sürtüň. Elbetde, Alla geçiriji we rehimlidir!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu içgi barada nazyl bolan ikinji aýatdyr. Eger birinji aýatda (Sygyr süresi, 219-njy aýat) içgide köp peýda we zeller bar, onuň zyýany peýdasyndan köpräk diýlen bolsa, musulmanlar üçin iň gözel makam bolan namaz wagtynda ("Namaz-möminiň tagtydyr". Hadys-dan) serhoş bolmazlyga buýurmak bilen Gurhan onuň haram zatdygyna yşarat edip, oňa möminlerde nälet oýadýandyr. Nobatdaky içgi barada gelýän aýatda ony haram diýlip yglan edilýär. Şerigatyň, ähli hökümleri, ine, şol soňky aýata esaslanýar.

Junub - erkek we aýalyň ýakynlaşmagy ýa-da her hili suratda erkek we aýaldan jyns suwy çykmagy netijesinde şol erkek aýal junub (näpäk) bolýar.

Teýim (taýammum) - suw tapyp bilmedik ýa-da tapsa-da, nähilidir bir sebäp bilen ony ulanmaga kadyr bolmadyk kişiniň päk topraga el urup, ýüzüne we ellerine surtmek bilen päklenşidir. Bu amaly etmekde taharaty (täreti) gusl (ýuwunmagy) niýet edilýär. Her ikisini goşup, niýet etmek hem mümkin.

44.(Eý, Muhammet), kitapdan (ýagny, Töwratdan) nesibeli bolan kimseleriň gümralygy (azaşmagy) alýandygyny we siziň hak ýoldan dönmegiňizi isleýändigini görmediňmi?

45. Elbetde, Alla siziň duşmanlaryňyzy ýagşy tanaýar. Allanyň özi hakyky dost we hakyky ýardamçydyr.

46. Ýahudy bolanlaryň içinde şeýleleri hem bar bolup, olar (Töwrat kitabynda bolan Muhammet alaýhy-s-salam hakyndaky) Allanyň sözüni öz ornundan üýtgedýärler we dillerini aýnadyp, dine urgy etmek höwesinde "Eşitdik we boýun synmadyk, eşidilmedik zady diňle we bizi halas et!" diýdiler. Eger olar: "eşitdik we boýun syndyk, bizi hem diňläp, bize-de nazar edip dur" diýenlerinde özleri üçin ýagşyrak we dogrurak bolardy. Ýöne olar ynanmaýandyklary sebäpli, Allanyň näletine duçar bolanlar. Olardan käbirleri iman getirýär hem.

47. Eý, kitap berlen kimseler, ýüzüňizi bozup, tersine öwrüp goýbemezimizden öň ýa-da olary - "Şenbe eýelerini" lagnatlaýşymyz dek lagnatlamagymyzdan (ýagny, maýmyna ýa doňza öwrüp goýşumyzdan) ozal sizdäki zady (Töwrady) tassyklan wagtymyzda nazyl eden Kitabymyza (Gurhana) iman getiriň. Allanyň emri-permany, şübhesiz, berjaý edilýändir.

48. Elbetde, Alla Özüne (islendik bir zadyň) şärik edilmegini geçirmeýär. Öz halan bendesiniň şondan başga günälerini geçirer. Kim Alla (başga birini) şärik hasaplasa, ol uly günäni özüne ýöňkedigidir.

49.(Eý, Muhammet), özlerini päk edip görkezýänlerini görmediňizmi?

Ýok, Alla diňe Öz halanlaryny päkleýjidir. We olara hurma gabygyça-da zulum kylynmaz.

50. Olaryň, ("Biz Allanyň söýgüli perzentleridiris") diýip, Allanyň şanyna ýalan ýöňkeýändiklerini görüň. Ine, şunuň özi degerli, açyk günädir.

51. Kitapdan nesibeli bolan kimseleriň buta we senemlere sygynýan-dyklary we dinsiz kimseler hakynda: "Şolar iman eýeleri bolan musulmanlara görä dogrurak ýoldadyrlar" diýýändiklerini görmediňizmi?

52. Olar Allanyň näletlän kimseleridir. Alla kimi näletlese, hiç haçan onuň üçin kemekçi tapyp bilmersiňiz.

53. Ýa-da olaryň mal-mülkleri barmy? Şeýle bolan halatynda hem olar adamlara hurma çöpi ýaly mürewwet ederlermi?!

54. Ýa-da adamlara (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salama) Allanyň Öz fazly-kereminden berenine (pygamberlige) göripçilik edýärlermi?

Eýsem, biz Ybraýym kowmuna, (ýagny, Musa, Dawut, Suleýman ýaly pygamberlere) Kitap we Hikmet (pygamberlik) berip, olary mülk-döwlete eýe etmänmidik?!

55. Ýöne, olaryň içinde-de oňa (ýagny, Muhammede) iman getirenleri hem bar, ondan ýüz öwrenleri hem bar. Olara jähennem ody bäs geler.

56. Biziň aýatlarymyzy inkär edýänleri, Özümiz dowzah oduna girizýändiris. Haçanda hamlary köýende, hakyky azabyň nämedigini bilmekleri üçin Biz olaryň hamyny çalşyr- ýarys. Elbetde, Alla gudrat we hikmet eýesi bolan danadyr.

57. Iman getirenleri we ýagşy amallar edenleri bolsa, ebedilik ýaşar ýaly, aşagyndan derýalar akyp duran uçmahlara dahyl etjekdiris. Olar üçin ol ýerde - päk jübütler bardyr. We Biz olary goýy saýalara

eltjekdiris.

58. Elbetde, Alla size amanatlary öz eýelerine tabşyrmagy, adamlar arasynda höküm edeniňizde adalat bilen höküm etmegi buýurýar. Elbetde, Alla size iň, ýagşy pendi-nesihatlar edýär! Elbetde, Alla eşidiji we görüjidir.

59. Eý, möminler, Alla etagat ediň (boýun synyň) we pygambere, özüňizden bolan häkimlere boýun synyň! Eger-de bir zadyň üstünde dawalaşsaňyz, - eger çyndanam Alla we ahyret gününe ynansaňyz – ol zady Alla we pygam- berine gaýtaryň. Ine, şu ýagşyrak we gözelräk çözgütdir.

60.(Eý, Muhammet), özlerini size nazyl edilen işe (Gurhana) we sizden öň nazyl edilen işlere iman getiren diýip hasap edýän, (käbir) kimseleriň höküm sorap şeýtana barmagy isleýändiklerini görmediňizmi? Ýöne oňa ynanmazlyk olara buýrulypdy. (Çünki) şeýtan olary ýoldan bütinleý azdyrmagy isleýär.

61. Haçan olara "Allanyň nazyl eden Kitabyna we öwütlerine geliň" diýilse, bu mynapyklaryň sizden nähili ýüz dönderýändigini görersiňiz.

62. Indi özleriniň kylmyşlaryna görä olara bir jepa ýetse, şondan soň siziň ýanyňyza gelip: "Biz diňe ýagşylygy we arany sazlamagy isläpdik, halas" diýip, ant içmekleri nähili boldy?

63. Onuň ýaly kimseleriň kalbyndakyny Alla oňat bilýär. Siz olaryň (hilesine) bakmaň we olara pendi-nesihat edip, özleri hakynda degişli sözleri aýdyň!

64. Biz haýsy bir pygamberi iberen bolsak, diňe Allanyň rugsady-eradasy bilen oňa etagat edilsin diýip iberendiris. Eger olar (şeýtandan höküm sorap baryp, öz) janlaryna jebir eden wagtlarynda, derhal siziň ýanyňyza gelip, Alladan rehim soran

bolsalar we pygamber hem olar üçin rehim soran bolsa, Allanyň tobalary kabul ediji, mähribandygyny görerdiler.

65. Ýok, Perwerdigäriňize kasamki, olar öz aralarynda çykan düşünişmezlikde sizi emin etmeýänçälär we soň siziň, çykaran hökümleriňizden kalblarynda hiç hili närazylyk tapman, kaýyl bolmaýançalar, zynhar, mömin bolup bilmezler.

66. Eger Biz olara (ysraýyl kowumyna buýruşymyz ýaly) biri-birleriňizi öldüriň we öz diýarlaryňyzdan çykyp gidiň" diýip buýran bolsak, olardan sähelçesi bu buýrugy berjaý ederdi. Eger olar edilen pent-nesihatlara amal eden bolsalar, özleri üçin ýagşyrak we imanlaryna berk bolardy.

67. We ol hakda Biz hem olara öz ýanymyzdyn uly sylag berenden bolardyk.

68. Hem-de olary hak ýola ýollan bolardyk.

69. Kimde-kim Alla we pygambere etagat etse, ine, şolar Allanyň rahmetine sezewar bolanlar - pygamberler, hak-rast iman eýeleri, şehitler we diňe ýagşy amallar bilen geçen kişiler bilen bile bolarlar. Olar bolsa, iň ýagşy hemralardyr.

70. Bu Alla tarapyndan bolan mähir-merhemetdir. Allanyň özi ýeterlik bilijidir.

71. Eý, möminler, duşmandan ähtiýaç çärelerini görüp, toparlara bölünip ýa-da hemmäňiz toplanyp jeňe çykyň.

72. Şübhesiz, araňyzda (jeňe çykmakdan) yza galýan, eger size bir betbagtlyk ýetişse, "Alla ýalkap, men olar bilen bile bolmadym" diýýän kimseler hem bar.

73. Eger-de size Alladan ýagşylyk ýetse, (ýagny, ýeňiş gazansaňyz), onuň göýä arada siz bilen hiç hili tanyşlyk bolmadyk ýaly: "Käşgä

men hem olar birlen bir bolup, ulug üstünlik gazansamdym" diýjegi anykdyr.

74. Allanyň ýolunda bu dünýäniň ýaşaýşynyň öwezine ahyreti satyn alýanlar, jeň etsinler. Kim Alla ýolunda jeň edip, öldürilse ýa-da ýeňiş gazansa, oňa Biz uly sylag berjekdiris.

75.(Eý, möminler), size näme boldy ki, Alla ýolunda we: "Perwerdigär-ä, bizi eýeleri zalym bolan bu şäherden azat et we bize Öz ýanyňyzdan bir dost bergil, bize Öz ýanyňyzdan bir kemekçi bergin" diýýän erkekler, aýallar we çagalardan ybarat bolan biçäreleri (azat etmek) ýolunda jeň etmeýärsiňiz?!

76. Iman eýeleri Alla ýolunda jeň edýärler, dinsiz kimseler bolsa, şeýtan ýolunda jeň edýärler. Siz şeýtanyň dostlaryna garşy jeň ediň!

Şübhesiz, şeýtanyň mekri ejiz bolýandyr.

77.(Eý, Muhammet), ine, bu kimseleri görmediňizmi? Olara (ozal Mekgede duran wagtlarynda dinsizlere garşy jeň etmäge talapkär bolanlarynda):"Özüňize basalyk beriň we namazyňyzy okaň, zekatyňyzy berip duruň" diýlipdir. Indi jeň parz edilende bolsa, olardan bir topar erksizleri adamlardan Alladan gorkan ýaly, belki, ondan-da gatyrak gorkýarlar. We (hatda): "Perwerdigär, näme üçin bize jeňi parz etdiň, bize bu ajaly biraz soňrak ibersediň" diýdiler. Olara aýdyň: "Dünýä matasy azajyk zatdyr. Alladan gorkan kişä ahyret ýagşyrakdyr. Size hurma gabygy ýaly hem zelel edilmez".

78. Nirede bolsaňyz hem, hatda berk galalar içinde bolsaňyz hem ölüm sizi tapar. Eger olara bir ýagşylyk ýetse: "Bu Allanyň emridir" diýýärler, eger bir ýamanlyk ýetse, "Muňa sen sebäp" diýýärler. Aýdyň "Hemme zat Alladandyr" diýip. Nämüçin bu kowum kişiler aýdylan gepe düşünmeýärkäler?!

79.(Eý, ynsan!) saňa ýeten her bir ýagşylyk diňe Alladandyr. Saňa ýeten her bir ýamanlyk bolsa. öz kylmyşyňdandyr. (Eý, Resulym!) Sizi

Biz adamlara pygamber edip iberdik. Muňa Allanyň özi ýeterlik güwädir.

80. Kimde-kim pygambere etagat etse, diýmek, (Alla etagat edýändir). Kimde-kim ýüz öwürse, (munuň size zeleli ýokdur, sebäbi), Biz sizi olaryň üstüne goragçy edip iberen däldiris.

81. Olar: "Etagat edýäris" diýýärler-de, ýanyňyzdan çykandan soň bolsa, olardan bir topary seniň aýdan gepiň tersine dil birikdirýärler.

Alla bolsa, olaryň bu gelişmelerini ýazyp goýýar. Indi siz olardan ýüz öwrüp, Alla gaçyň! Alla özüne gaçanyň ýardamçysydyr.

82. Eýsem Gurhan hakynda pikir ýöretmeýärlermi?! Eger ol Alla tarapyn bolmadyk bolsady, onda kän gapma-garşylyklar tapardylar.

83. Haçan olara (jeňe giden musulman esgerler hakynda) rahatlyk ýa-da howp-hatar habary gelse, ony ýaýyp goýberýärler. Eger bu habary pygamber ýa-da özlerinden bolan başlyklaryna ýetirenlerinde, ony bilmekçi bolan kimseler şolardan bilerdiler. Eger size Allanyň fazly-merhemeti bolmasady, käbir kişilerden özge hemmäňiz şeýtana tirkeşip gider-diňiz.

84.(Eý, Resulym), Allanyň ýolunda jeň kylyň. Munda diňe siz özüňiz üçin jogapkärsiňiz. (Diýmek, ýalňyz galsaňyz hem jeň, kylyň) we möminleri hem (bu işe) çekiň! Belki, Alla dinsizleriň gazabyny dep eder. Allanyň kuwwaty artykdyr, gazaby güýçlüdir!

85. Kim (adamlar arasynda) gözel - hak tarap tutuş bilen tarap tutsa, özüne hem onuň sogabyndan bir ülüş ýeter. Kim nähakyň tarap tutuşy bilen tarap tutsa, özi üçin onuň günäsinden bir ülüş ýeter. Alla hemme zadyň üstünden kadyrdyr!

86. Haçan size bir tüýsli salam berilse, siz ondan gözel edip aleýk alyň ýa-da şol berleni gaýtaryň. Elbetde, ol hemme zady hasaba

alyjydyr.

87. Ýalňyz Alladan özge hiç hili ylah ýokdur. Ol sizi hiç şek-şübhesiz bolýan kyýamat gününde toplajakdyr. Alladan rastgöýräk kim bar?!

88.(Eý, möminler), nämüçin siz mynapyklar meselesinde iki topara bölündiňiz?! Alla olary öz kylmyşlary sebäpli (küfr we näpäklige) dolandyrdy ahyry! Ýa-da Allanyň azaşdyran kimselerini dogry ýola salmakçymysyňyz? Kimi Alla azaşdyran bolsa, onuň üçin hergiz ýol tapyp bilmersiňiz!

89. Olar özleriniň dinsiz boluşlary ýaly siziň hem dinsiz bolup, olar bilen deň bolup galmagyňyzy isleýärler. Indi siz tä Alla ýoluna düşmeýänçäler, olary dost tutmaň! Eger ýüz öwürseler, olary gören ýeriňizde öldüriň we olary dost hem, kömekçi hem tutmaň!

90. Emma (ol mynapyklardan) araňyzda ähti-peýman eden kowmuňyza goşulan ýa-da ha siz bilen, ha-da özleriniň kowumy bilen uruşmak janyna degip, ýanyňyza gelen kimselere degmäň! Eger Alla islesedi, olary sizden üstün edip goýardy we olar size garşy jeň ederdiler. Indi, eger sizden çetleşip, size garşy jeň etmän, sulh düzmegi (ýaraşygy) teklip edip gelseler, Alla olaryň garşysyna size ýol goýmaýar.

91.(Ol mynapyklardan) başga bir taýpasynyň size hem, öz kowumlaryna hem wepaly bolmak isleýänlerini görersiňiz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, olar Medinä gelenlerinde özlerini musulman edip görkezýärler, öz kowumlaryna dolananlarynda bolsa, ýene kapyrlyga gaýdyp, siziň bilen eden ähdi-peýmanlaryny bozýarlar.

Haçanda pitnä (dinsizlige) dogry gelse, olar şol tarapa öwrülýärler. We eger olar sizden çetleşmän, size sulh düzmegi teklip etmän, el çekmeseler, olary gören ýeriňizde tutup öldüriň. Ine, şeýle kimselere garşy Biz size açyk delil-hüjjet berdik.

92-93. Mömin mömini asla bilmedik ýagdaýda öldürmegi mümkin. Kim bir mömini bilmän öldürse, onuň bir mömin guly azat etmegi we merhumyň hossarlaryna - eger günäsini ötmeseler - hun tölemegi wajypdyr. Eger merhumyň özi mömin bolup, size duşman kowumdan bolsa, diňe bir mömin guly azat kylmagy wajypdyr. Eger ol siz bilen sulh düzen kowumdan bolsa, onuň hossarlaryna hun tölemek we bir mömin guly azat kylmak lazym. Eger kim (azat etmek üçin bir gul) tapmaga kadyr bolmasa, Allaga toba edip, doly iki aý roza tutmagy lazym. Alla bilim we hikmet eýesidir! Kim kast edip bir mömini öldürse, onuň jezasy jähennem bolup, şol ýerde ebedi galjakdyr. We ol Allanyň gazabyna we lagnatyna duçar bolar, Alla onuň üçin ulug azaby taýýarlap goýandyr.

94. Eý, möminler, haçan Alla ýolunda jihad üçin sapara çyksaňyz, (duşmanlaryňyzy) anyk tanaň we bu durmuşy-dünýäniň zadyny isläp, size salam beren kişä: "Sen mömin däl sen!" diýmäňler. Sebäp, Allanyň huzurynda bihasap oljalar bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, birnäçe sahaba ýoldan gidip barýarkalar, öňlerinden goýun bakyp ýören bir kişi çykyp, olara salam beripdir. Şonda olar öz ýanlaryndan: "Bu bizden gutulmak üçin özüni musulman edip görkezip, salam berýändir" diýip, ol adama hüjüm edip, öldürip, goýunlaryny oljalap, Pygamber alaýhy-s-salamyň, öňüne sürüp eltýärler. Ine, şonda şu aýat hasyl bolupdyr.

Owal siz hem şeýlediňiz (ýagny, dinsizleriň gol astynda dindarly-gyňyzy gizläp ýörmäge mejburdyňyz). Indi Alla sizi (Yslam döwletinde ýaşamak nygmaty bilen) hoşal etdi. Öz (duşmanlaryňyzy) anyk tanap goýuň. Elbetde, Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

95-96. Möminlerden özleri bişikes bolup (jihada - Alla ýolunda bolýan söweşe çykman) oturan kişiler bilen Alla ýolunda mallary hem janlary bilen söweşen adamlar deň bolmaýar. Alla mal-janlary bilen bile göreşenleri (bir üzür sebäpli jihada çykman) oturan

kişilerden hem bir dereje üstün kyldy we ählisine gözel akybeti (jenneti) wada kyldy. We Alla jihad edýänleri gitmän galanlardan gözel sylag - Öz tarapyndan boljak uly derejeler, magrypat we merhemet bilen ýokary kyldy. Alla rehimli, mähribandyr.

97. Elbetde, (dindarlar bilen bile hijret kylmazdan, dinsizleriň gol astynda ýaşamaga razy bolmak bilen) öz janlaryna jebir eden kesleriň janlaryny alyş wagtynda perişdeler olara: "Niçik halda ýaşadyňyz" diýenlerinde: "Biz bu ýerde çäresiz biçärelerdik"diýdiler. (Şonda perişdeler): "Hijret etseňiz (aýrylyp gitseňiz) Allanyň ýeri kändi-le!" diýdiler. Munuň ýalylaryň jaýlary jähennemdir. Şeýle bir ýaman jaý ol!

98-99. Diňe çäre tapmaga güýçleri ýetmedik, hijret ýoluny isläp tapyp bilmän, çäresiz galan ejiz kişiler, aýallar we çagalar bar ki, olar ýalan sözlemegi bilmeýärler, belki, Alla kerem etse, günälerini geçer. Alla günäleri geçijidir we bagyşlaýjydyr.

100. Kim Alla ýolunda hijret etse, ýer ýüzünde köp pena we giňlik tapýar. Kim Alla ýoluna we Onuň pygamberine bende bolup çykyp, soň (şu ýolda) oňa ölüm ýetişse, onuň sylagy Allanyň borjuna düşýär. Alla rehimlidir we mähribandyr.

101. Sapar kylyp, başga ýerlere baranyňyzda, eger dinsizleriň pitnesinden gorksaňyz, namazyňyzy kasr (gysga) okasaňyz hem günä ýokdur.

Çünki, dinsizler size açyk duşman bolan kimselerdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. "Kasr namaz" diýip, dört rekat parz namazy iki rekat edip, gysgaldyp okamaga aýdylýar. Kasr namaz okamak üçin pyýada ýörelende, azyndan üç gije-gündiz ýoly geçmegi niýet edip sapara çykan bolmaly, Bu aralygy ulamalar 80-100 çakyrym diýip belgiläpdirler.

102.(Eý, Muhammet), haçan siz (jeň meýdanynda) möminler arasynda bolup, olara ymam bolup, namaz okamakçy bolsaňyz, olaryň bir topary ýaraglanan halda siz bilen namaza dursunlar. Sejde edenden soň, (ýagny, namazyň bir rekatyny okap bolandan soň) arkaňyza baryp, (sizi gorap) dursunlar, we heniz namaz okamadyk başga bir topar gelip, siziň bilen namaz okasyn. Olar hem ätiýaç çärelerini görüp, ýaraglaryny alsyn. Dinsiz kimseler siziň ýarag we esbap-enjamlaryňyzdan gapyl bolan wagtyňyzda, üstüňize hüjüm etmek isleýärler. Eger ýagyşdan ezet çekseňiz ýa-da näsag bolsaňyz, ýaraglaryňyzy çözüp goýsaňyz, günä däl. Emma ätiýaç çärelerini görüp goýuň. Elbetde, Alla dinsizler üçin har ediji azaby taýýarlap goýandyr.

103. Namazy okap bolanyňyzdan soň hem, durkaňyz, otyrkaňyz, ýanbaşlap gyşaranyňyzda, hemişe Allany ýatlaň! Hatyrjemlik ýetişenden soň, namazy doly okaň! Elbetde, namaz möminleriň boýnuna parz edip goýuldy.

104. Bu dinsiz kowumy kowmakda sustkeşlik etmäň! Eger ejir çekýän bolsaňyz, olar hem siziň ejir çekişiňiz ýaly ejir çekýändir, ýöne siz olaryň Alla tarapyndan umyt etmejek zadyny (ýagny, sogaby, şehitlik nygmatynyň miýesser bolmagyny, galyberse-de, ýeňiş gazanmagy) umyt edýärsiňiz, sebäp, Alla biliji we danadyr.

105. Elbetde, Biz saňa şu Hak Kitaby adamlar arasynda Allanyň görkezen ýoly bilen höküm etmegiňiz üçin hasyl etdik. Dönüklere gorag ediji bolmaň!

106. Alladan rehim etmegi soraň! Elbetde, Alla rehim ediji we mähribandyr.

107. Siz özlerine hyýanat edýän kimseleriň tarapyny çalmaň! Elbetde, Alla dönük we jenaýatçy bolan kimseleri söýmeýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat medineli Tuma binni Ubaýriniň şanyna hasyl bolupdyr. Ol goňşusynyň söwüdini ogurlap, ogurlygy äşgär bolmak howpy

dörände, ol söwüdi başga bir adamyň öýünde gizleýär. Şondan soň Tumanyň, tiredeşleri Pygamber alaýhy-s-salamyň ýanyna gelip, ony aklap gepleýärler. Olara ynanyp, Pygamber alaýhy-s-salam Tumany adamlaryň öňünde aklaýar we oňa ogry diýenlere garşy gepleýär. Şonda şu aýatlar hasyl boldy.

108. Adamlardan gizläp bilerler, emma Alladan gizläp bilmezler. Olar gijelerine Alla rast gelmeýän rejeleri gizlin düzýän wagtlarynda-da Ol olaryň ädýän amallaryny görüji, habardardyr.

109. Ine, siz bu dünýäde olaryň tarapyny çaldyňyz? Indi kyýamat gününde kim olary Alladan gorap, tarapyny çalar ýa-da kim olar üçin şaýat bolar?

110. Eger kim bir ýaman iş etse, ýa-da öz janyna jebir etse, soňra Alladan rehim sorasa, Allanyň rehimini hem mähribanlygyny görer.

111. Eger-de kimde-kim bir günä etse, diňe özüne zelel edýär. Alla bilim we gudrat eýesidir.

112. Eger-de kimde-kim bir hata ýa günä edip, soň ony bir päk adama töhmet edip ýüklese, anyk günäni öz üstüne alýar.

113.(Eý, Resulym), Eger size Allanyň mähir-merhemeti bolmasady, onda olaryň bir topary sizi ýoldan azaşdyrjak bolup urnardylar. Ýöne olar diňe özlerini azaşdyrýarlar, bolany. Size bolsa, hiç hili zelel ýetirip bilmezler. Alla size Kitap we Hikmet berdi we bilmedik zatlaryňyzy bildirdi. Allanyň size eden mähir-merhemeti gözel boldy!

114. Olaryň köp ýaşyryn söhbetlerinden - eger sadaka bermäge ýa-da ýagşylyk etmäge, ýa-da adamlar arasynda sulh düzmäge çalyşmasalar - hiç hili peýda ýokdur. Kim Allanyň razylygyny isläp, bu işleri etse, Biz oňa uly sylag berjekdiris.

115. Kim hak ýoly bilenden soň, pygambere ters iş etse we möminleriň ýollaryndan başga ýola eýerse, Biz ony öz gidesi gelen

ýoluna iberýäris, soň bolsa, jähenneme dahyl edýäris. Ol örän ýaman ýerdir!

116. Elbetde, Alla Özüne (bir zady ýa kimsäni) şärik edilmegini (deňeşdirilmegini) geçirmeýär. Özi islän bendesiniň şondan başga günälerini geçirýär, Kimde-kim Alla şek getirse, ol örän gaty azaşýar.

117. Olar(ýagny, Alla şek getirýän kimseler) Allany goýup, diňe senemlere sygynýarlar we diňe etagatsyz şeýtana sygynýarlar.

118. Alla olary näletledi. Ol (şeýtan) aýtdy: "Kasam ki, Seniň bendeleriň arasyndan özüme degişli nesibäni, elbetde, alaryn.

119. We olary ýoldan azdyraryn, ham hyýallaryny oýararyn, buýursam, olar mallarynyň gulaklaryny keserler, buýursam, Allanyň ýaradan zatlaryny özgerderler". Kimde-kim Allany goýup, şeýtany dost tutsa, ol anyk zelel görer!

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslamdan öňki döwürlerde araplar, düýäniň bäşinji köşegi erkek bolsa, onuň gulagyny kesip ýa-da deşip, özleriniň sygynýan butlaryna gurbanlyk diýip, boş goýberýän ekenler. "Allanyň ýaradan zatlaryny özgertmekden" diýende, gullary biçmek, aýallaryň zynat üçin gaş ütmekleri, saça saç goşmak ýaly, zatlary öz asly halyndan ýasama, emeli hala geçirmek nazarda tutulýar. Gurhan bu işleri şeýtana boýun synmak diýip düşündirýär.

120.(Şeýtan) olara wada berýär, bolmaz hyýallara mübtela edýär. Akybetde (iň soňunda) şeýtanyň beren wadalary ýalan bolup çykýar.

121. Onuň, ýaly kimseleriň jaýy jähennem bolup, ondan gaçyp gutulyp bilmezler.

122. Iman getirip, ýagşy amallar edenleri bolsa, aşagyndan derýalar akyp duran jennetlere girizeris - olar onda ebedi galarlar. Bu Allanyň hak wadasydyr. Alladan dogruçyl kim bar?!

123. Siziň bolmaz pikirleriňiz hem, kitap eýeleriniň bolmaz pikirleri hem hak däl - kimde-kim ýaman amal etse, jezasyny alar we özi üçin Alladan özge dost hem, medetkär hem tapmaz.

124. Ha erkek bolsun, ha aýal, kimde-kim mömin bolan halynda ýagşy amallar etse, ana, şol adamlar jennete girerler we olara zerreçe zulum kylynmaz.

125. Hakyky musulman bolan halynda özüni Alla tabşyran we hak ýoldaky Ybraýym hanyfyň dinine eýeren kişiniň dininden hem gözelräk din barmy?! (Ahyr) Ybraýymy Alla Özüne dost tutdy.

126. Asmanlardaky we ýerdäki bar zat Allanyňkydyr. Alla hemme zady (bir nazarda) görýändir.

127.(Eý, Muhammet), Sizden aýallar hakynda pitiwa (karar) soraýarlar.

Aýdyň: "Olar dogrusynda size Alla we Kitapda (Gurhanda) beýan edilen aýatlar patyha berýändir. Ýene (garamagyňyzdaky) ýetim aýallary olar üçin parz edilen mähry (galyňy) bermezden (nikaňyza almagyňyzy) we (nikaňyza almakdan ýüz öwrüp, olardan galýan mirasy tama edip, başga birewe durmuşa çykarman, tä ölýänçäler saklamagy size haram edýär). Ýene ejiz çagalar hakynda patyha berip, beýle ýetimler 'barasynda adalat etmegiňizi emr edýär. Siz nähili ýagşylyk etseňiz, elbetde, Alla ony bilip durandyr.

128. Eger aýal äriniň ýowuzlygyndan ýa-da ýüz öwrüp gitmeginden ätiýaç etse, ol ikisiniň özara sulh düzmekleri günä däldir. Sulh düzmek (ýaraşyk, aýrylyşyp gitmekden) ýagşy- rakdyr. Kalblarda mydama gysgan-çlyk bardyr. Eger aýallaryňyza ýagşy mylakat etseňiz, we Alladan gorksaňyz (özüňize) gowudyr. Elbetde, Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

129. Hernäçe urunsaňyz hem hatynlaryňyzyň arasynda adalatly bolmaga güýjüňiz ýetmez. Ýöne bütinleý (söýen hatynyňyz tarapa) agyp gidip, (halamaýan) hatynyňyzy muallaka ýaly taşlamaň.

DÜŞÜNDIRIŞ. Muallaka aýal - äri haýsy-da bolsa bir sebäp bilen ýerliksiz giden aýaldyr. Ol "Ärim bar" diýse, äri ýek, "dul" diýeýin diýse, äri talagyny bermän giden. Şu sebäpden ýer bilen asmanyň arasynda tüwmaýak ýaly bolup galan.

Eger özüňizden bilip Alladan gorksaňyz, elbetde, Alla magrypatly, mähribandyr.

130. Eger-de är-aýal aýrylyşyp gitseler, Alla ikisini hem Özüniň giň keremi bilen bihajat edip goýýar. (Ýagny, olaryň ikisine-de ozalky är-aýallykdan ýagşyrak durmuşy bermegi mümkin) Allanyň fazly-keremi giňdir we Ol danadyr.

131. Asmanlardaky we Ýerdäki bar zat Allanyňkydyr. Biz sizden öň kitap berlenlere hem, size hem Alladan gorkuň diýip emr etdik. Eger ýoldan azsaňyz, (Alla hiç zelel ýetirip bilmersiňiz). Elbetde, Asmanlar-daky we Ýerdäki bar zat Allanyňkydyr. We Alla barjam-lydyr, öwgä mynasypdyr.

132. Asmanlardaky we Ýerdäki bar zat Allanyňkydyr. Allanyň Özi degerli wekildir (ýagny, Asmanlardaky we Ýerdäki ähli işlere gözegçilik edip, saklap durujy zatdyr).

133. Eger Özi islese, eý, adamlar, sizi äkidip, başgalary getirer. Alla muňa kadyr bolan beýikdir.

134. Kim şu dünýäniň sogabyny islese, bilip goýsun, Allanyň alnynda hem bu dünýäniň, hem o dünýäniň sogaby bardyr. Alla hem eşidiji, hem bilijidir.

135. Eý, möminler! Adalat ugrunda durujy, hem-de özüňiziň ýa-da ata-eneleriňiziň, dogan-garyndaşlaryňyzyň zeleline bolsa-da, Alla

üçin dogry güwälik beriji boluň! Ol (ýagny, güwälik berilýän) baýmy ýa garypmy, Allanyň Özi ikisine hem ýakyndyr. Adalat etmän, nebsi-howa eýerip gidiji bolmaň. Eger ýalan aýtsaňyz ýa-da (güwälik bermekden) el çekseňiz, Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

136. Eý, möminler! Allaga, Onuň resulyna we şu pygamberine nazyl eden Kitabyna hem-de öňki inderilen kitaplara imanyňyz kämil bolsun.

Kimde-kim Alla, perişdelere, kitaplaryna, pygamberlerine, ahyret gününe ynanmasa, diýmek, ol gaty azaşypdyr.

137. Elbetde, iman getirip, soň küfre dolanan, soňra ýene imana gelip, soňra ýene kapyr bolan we bütinleý küfr ýoluna girip giden kimselere Alla hergiz magrypat etmeýär we olary asla hak ýola hidaýat etmeýär. (bagyşlamaýar).

138. Beýle ýüzgörüjilere olar üçin jebirli azar bardygynyň habaryny beriň!

139. Olar möminleri goýup, dinsizleri dost tutýarlar. Olar dinsizler-den güýç-gudrat gözleýärmikäler?! Elbetde, bar güýç-gudrat Allanyňkydyr.

140. Ahyr Alla size Kitapda: "Haçanda Allanyň aýatlaryny inkär edýänlerini, masgara edýänlerini eşitseňiz, tä başga gürrüňe geç-meýänçäler, onuň ýaly kimseler bilen bile oturmaň" diýen sözleri hasyl edipdi. (Eger olar bilen otursaňyz) siz hem şolardan bolarsyňyz.

Elbetde, Alla ähli ikiýüzlüleri we kapyrlary jähenneme jemleýjidir.

141. Olar (ýagny, ikiýüzlüler) size seredip durlar. Eger size Alla tarapyndan ýeňiş bolsa, "Biz hem siz bilen bir dindediris" diýýärler.

Eger ýeňiş dinsizlere nesip etse, "Eýsem, biz size kömek etjek bolmanmydyk hem möminlerden goramanmydyk" diýerler. Emma kyýamat gününde Alla aralarynda eminlik eder. We hiç haçan Alla möminleriň garşysyna gitmäge dinsizlere ýol bermeýär.

142. Elbetde, ikiýüzlüler Allany aldajak bolýarlar, ýöne Alla olaryň özüni aldap goýandyr. We haçan namaza tursalar, ýaltalyk bilen il gözüne durýarlar we Allany az ýatlaýarlar.

143. Olar ne o tarapa, ne bu tarapa bolup, iki arada serimsiz halda galanlar. Kimi Alla ýoldan azdyrsa, siz oňa hiç hili ýol tapyp berip bilmersiňiz.

144. Eý, möminler, möminleri goýup, dinsizleri dost tutmaň! Eýsem, Allaga öz garşyňyza açyk deliller bermek isleýäňizmi?

145. Elbetde, ikiýüzlüler dowzahyň iň ýaman ýerinde bolarlar we olar üçin hiç bir medetkär tapyp bilmersiňiz!

146. Meger, toba edip, özlerini düzedenler we Alla ýapyşyp, öz dinlerini Allanyň öňünde päklänler - ine, diňe şolar möminler bilen bile bolarlar. Alla möminlere uly sylag berýändir.

147. Eger, şükür edip, imanly bolsaňyz, Alla nämüçin size azap bersin?! Hakykatdan hem Alla şükür ediji we bilijidir.

148. Alla ýaman sözleriň äşgäre aýdylmagyny söýmeýär, belki, gönüne deglen mazlum tarapyndan bolsa, (ýerliklidir). Alla eşidýändirem, bilýändirem.

149. Ha äşgäre, ha gizlin, nähili bolsa-da, bir ýagşylyk etseňiz ýa-da bir ýamanlygy bagyşlasaňyz, (Allanyň söýen bendelerinden bolarsyňyz).

Şunlukda, Alla gudrat eýesi bolany üçin bagyşlaýjydyr, güýçlüdir.

150-151. Alla we Onuň resulyna ynanmaýan, Alla bilen pygamberiň arasyny aýry-başgalandyrmak isleýän, (ýagny, Alla ynanyp, pygamberini inkär edýän) we "Käbir pygamberlere ynanýarys, käbirine ynanmaýarys" diýýän hem-de aralyk ýol tutmagy isleýän kimseler ine, şolar dinsizlerdir. Beýle dinsizler üçin hor ediji azaby taýýarlap goýandyrys.

152. Alla we Onuň pygamberine iman getiren hem-de olaryň birini beýlekisinden aýra tutmaýan kimselere bolsa, (Alla) mynasyp sylaglaryny bagyş etjekdir.

153.(Eý, Muhammet), Kitap eýeleri sizden gökden bir Kitap düşürmegiňizi soraýar. Musadan mundan hem ulurak zady sorapdylar we: "Bize Allany açyk görkez" diýipdiler. Şonda biadyllyklary sebäpli, olary ýyldyrym urupdy. Soňra, olara açyk deliller gelenden soň, göläni hudaý edinipdirler. Muny hem geçirdik we Musa açyk hüjjet (delil, hökümdarlyk) berdik.

154. Ähtlerini bozany sebäpli, Biz olaryň üstlerine Tur dagyny göterdik we: "Şu derwezeden sejde edip (eglip) giriň" diýdik. Ýene olara: "Şenbe günleri (balyk tutmak bilen) hetdiňizden aşmaň" diýdik hem-de olardan berk ähti-peýman aldyk.

155. Soňra ähti-peýmany bozandyklary, Allanyň aýatlaryny inkär edenlikleri, pygamberi nähak öldürendikleri we "Kalblarymyz gulp" diýendikleri sebäpli, Alla olaryň kalplaryny möhürläp goýandyr. Ýöne käbirleri iman getirýärler.

156-157. Ýene dinsizlikleri we Merem barada töhmet edendikleri sebäpli hem-de "Allanyň pygamberi bolan bibi Meremiň ogly Isa Masyhy biz öldürendiris" diýen sözleri sebäpli (Biz olary näletledik). Şeýlelikde, olar ony öldürenoklar hem, asanoklar hem. Diňe olar üçin (başga birini Isaga) meňzedip goýuldy, bolany. Elbetde, Isa hakynda dalaşyp-dartyşan kimseler onuň (öldürilendigi,

öldürilmedigi) hakyn-da şübhede galdylar. Ol hakda diňe gümana berilýärler, bolany. Ony öldürmedikleri anykdyr.

158. Belki, Alla ony öz huzuryna göterendir. Alla gudrat eýesi bolan danadyr.

159. Kitap eýeleriniň her biri oňa ölmeziniň öň ýanynda iman getirdiler, kyýamat-magşarda bolsa, ol bulara güwä bolar.

160-161. Ýahudy bolan kimseleriň zalymlyklary we kän adamlary Allanyň ýolundan dönderendikleri sebäpli, ýene, gadagan edilen bolsa-da, süýthorlyk edenleri we adamlaryň mallaryny nähak iýendikleri sebäpli, olara başda halal edilen zatlary haram etdik we olaryň arasyndaky dinsiz bolan kimselere jebirli jeza taýýarlap goýduk.

162. Ýöne olaryň arasyndan bilimleri pugta bolanlara hem-de size hasyl edilen zada we ondan öňki hasyl edilen zada we ondan öňki hasyl edilen zatlara iman getirýän möminlere, hususan, namazy berjaý edýänlere, zekaty eda edýänlere, Alla we ahyret gününe iman getirýänlere - ine, şolara uly sylagy eda etjekdiris.

> *163.(Eý, Muhammet), elbetde, Biz Nuha we ondan soňky pygamberlere wahyý (Alla tarapyndan eşidilýän owaz) iberişimiz ýaly size hem wahyý iberdik. Ýene Ybraýym, Ysmaýyl, Ishak, Ýakub we onuň nesil-öwlady, Isa, Eýup, Ýunus, Harun we Süleýman pygamberlere hem wahyý iberendiris. Dawuda Zebury berdik.*

164. Käbir pygamberler hakda size öň hekaýat etdik, käbir pygamberleri bolsa, heniz hekaýat edemzok. Musa bilen Allanyň Özi gepleşdi.

165. Täki bu pygamberler ötenlerinden soňra, adamlar üçin Alla garşy hüjjet (delil) bolup galmazlygy üçin pygamberleri (möminlere jennet hakynda) hoşhabar getiriji we (dinsizleri dowzah odundan)

gorkuzyjy edip iberdik. Alla gudrat we hikmet eýesidir.

166. Emma Alla size Öz bilimi bilen hasyl eden zadyna güwälik berer. Perişdeler hem güwälik bererler. Allanyň özi ýeterlik güwädir.

167. Elbetde, küfr ýoluna giren we Allanyň ýolundan tesen kimseler gaty azaşýandyrlar.

168. Elbetde, küfr ýoluna girip, jebri-zulum eden kimseleri Alla hergiz geçirmeýär we zynhar hak ýola düşürmeýär.

169. Meger, olary jähennem ýoluna rowana eder we olar o taýda ebedi galarlar. Bu Alla üçin aňsatdyr.

170. Eý, adamlar, bu pygamber size Perwerdigäriňizden hak dini getirdi. Indi iman getiriň, özüňiz üçin oňat bolar. Eger inkär etseňiz, (özüňize zelel edersiňiz, bolany). Çünki Asmanlardaky we Ýerdäki bar zat Allanyňkydyr. Alla bilim we hikmet eýesidir.

171. Eý, Kitap eýeleri, (Isany Huda diýmek bilen) diniňizde hetdiňizden aşmaň! Allanyň şanyna bolsa, diňe hak sözi aýdyň! Elbetde, Meremiň ogly Isa al-Masyh diňe Allanyň pygamberidir, Onuň Mereme ýetiren sözüdir hem-de Onuň tarapyndan bolan ruh (sahybydyr), bolany. Indi Alla we Onuň pygamberine iman getiriň! "(Taňry) üçdür" (ýagny, Alla, Merem we Isa - üçüsi hem Taňrydyr) diýmäň! (Beýle batyl düşünjeden) saklanyň, şonda özüňiz üçin oňat bolar. Hiç hili şek-şübhesiz, Alla ýeke-täkdir. Ol perzentli bolmakdan päk bolan zatdyr. (beýikdir). Asmanlardaky we Ýerdäki bar zat Onuňkydyr, Allanyň Özi ýeterlik wekildir.

172. Masyh hem, Alla ýakyn edilen perişdeler hem Alla bende bolmakdan hergiz ar etmeýärler. Kimde-kim Oňa bendelik etmegi ar hasaplasa we men-menlik kylsa, bes, olaryň, hemmesini Öz alnyna jemlejekdir.

173. Ine şonda, iman getirip, ýagşy amallar eden kişileriň sylaglaryny kemally edip berip, ýene Öz fazly-kereminden goşundy hem edýär. Emma ar eden, men-menlige berlen kimseleri bolsa, ejirli azap bilen horlaýar we olar özleri üçin Alladan özge ne bir dost, ne bir medetkär tapyp bilerler.

174. Eý, adamlar, size Perwerdigäriňizden hüjjet geldi. We Biz size röwşen nury hasyl kyldyk.

175. Alla iman getirip, Oňa baglananlary Ol Öz tarapyndan bolan rahmete we fazly-merhemete (ýagny, jennete) duçar eder. We olary Özüniň dogry ýoluna ýollar.

176.*(Eý, Muhammet), Sizden pitiwa (karar) soraýarlar. Aýdyň: "Alla size atasy hem, balasy hem bolmadyk adam dogrusynda pitiwa berýär:*

Eger perzentsiz bolan ýalňyz bir erkek adam ölse, (eger) onuň aýal dogany bar bolsa, (agasynyň) goýup giden mirasynyň ýarysyny alýar. Eger aýal doganyň perzendi bolmasa, agasy oňa mirasdar bolýar. Eger aýal doganlar iki bolsa, olara aganyň galdyran zadynyň üçden ikisi düşýär. Eger mirasdarlar hem aga, hem gyz doganlar bolsa, bir erkek adam üçin iki aýalyň paýy berilýär. Ýalňyşyp gitmezligiňiz üçin Alla size (Öz hökümlerini) beýan edýär. Alla hemme zady bilijidir".

5. SUPRA SÜRESI

Bu süre Mekgede nazyl bolup, ýüz ýigrimi aýatdan ybarat. Munda şerigat kanunlary doly beýan edilip, ygtykat mowzugy we owal inderilen kitaplar hakynda söz açylýar. Işbu sürede adamlaryň arasynda ähti-peýman edişmek, şertnama baglaşmak ýaly meseleler, aw hakyndaky hökümler, Haj we umra ýaly ybadatlar üçin hökman bolan ahramyň beýany, beýleki dinlerden bolan aýallara öýlenmek barasyndaky hökümler, täret kadalary, ogurlyk, zorluk we bozgakçylyk jenaýatlarynyň jezalary, içgi mesele-sindäki berk hökümler we Yslam şerigatynyň başga-da kän-kän hökümleri we kada-kanunlary hakynda doly maglumat berilýär. Bulardan daşary "Suprada" bize pendi-nesihat we sapak bolýan kyssalar hekaýa edilýär. Şeýle kyssalardan biri Ysraýyl kowumlarynyň öz pygamberleri Musa alaýhy-s-salam bilen bolan düşünişmezlikleri hakda bolup, onda ýahudylaryň pygamberleriniň sözüne gitmän, akybetde kyrk ýyllap çöl-sähralarda sersan-sergezdan bolup ýörüşleri hakynda gürrüň berilýär.

Ýene bir kyssada bolsa, Adam atanyň iki perzendi Kabyl bilen Habylyň arasynda bolup geçen çekeleşik, ýagny Kabylyň öz ýakyn ýoldaşy Habyly nähak öldürendigi dogrusynda habar berlip, bu kyssa arkaly Haýyr bilen Şeriň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky baky göreş teswirlenýär. Bu pajyga ýer ýüzünde nähak gan dökmegiň ilkinjisidi. Ýene Isa pygambere berlen mugjyzalardan biri – asmandan supra düşýän wakasy hem bar bolup, süräniň "Supra" diýlip atlandyrylmagynyň sebäbi hem şudur.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Eý, möminler, ähtlere wepa ediň. Siz üçin - ahramda durmaýan bolsaňyz, aw awlamak, (aşaky aýatlarda haramlygy) sanaw edilýänlerden başga çarwa haýwanlar halal edildi. Elbetde, Alla öz isleýşi ýaly höküm edýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýata şeýle düşünmek lazym. Mömin-musulmanlar üçin şu süräniň üçünji aýatynda sanaw edilýän - haram ölen haýwan, gan, doňuz eti we başga zatlardan daşgary düýe, sygyr, goýun ýaly mallary soýup iýmek halal edilendir. Ýöne haj, ybadatyny ýerine ýetirmek üçin ahram baglan - ýagny, ýörite lybas geýen kişiler üçin islendik jandary awlamak ýa-da soýmak haramdyr.

2. Eý, möminler, Allanyň buýruklaryny bozmagy, uruş gadagan edilen aýda jeň etmegi, Hudaý ýoluna bagş edilen haýwanlaryň öldürilmegini we olara dakylan hadýa(bagyş) belgi- lerini ýolup taşlamagy hem-de Perwerdigärden fazly-merhemet we razylyk diläp, Beýtul-hyram (Käbä) gidip barýan adamlara garşy (jeň etmegi) halal hasap etmäň. (Ahramdan çykyp) aw halal bolandan soň, aw ediberiň. (Sizi Käbä ibermän, garşylyk görkezenleri sebäpli) haýsydyr bir kowmy ýaman görmegiňiz, size hetdiňizden aşmaga ýol bermesin! Ýagşylyk we takwalyk ýolunda birleşiň. Günä we hetden aşmak ýolunda birleşmäň! Alladan gorkuň! Şübhesiz, Allanyň azaby gatydyr.

3. Size haram ölen jandar, gan, doňuz eti, Alladan başga birewiň ýoluna soýlan mal, boglup ölen, urlup öldürilen, belent ýerden ýykylyp ölen, süsüşip ölen we ýyrtyjy haýwan dişläp ölen jandarlar haram edildi. Meger, (dirikä) damagyny çalmaga ýetişen bolsaňyz, halaldyr. Ýene butlara aýdylyp soýlan haýwanlaryň (etini iýmek) we çöplerden kysmatyňyzy soramak (size haram edildi) Elbetde, bu işleriňiz etagatsyzlykdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam gelmezinden ozal araplar her dürli pal atmalara juda berlipdirler. Şolardan biri- olaryň hemişe öz ýanlarynda üç hili çöpi göterip ýörmeleridi. Ol çöplsriň birine "Etmeli", ýene birine "Etmeli däl" diýip belgi goýlup, üçünjisine bolsa, hiç zat ýazylgy däldi. Olar haçan haýsy-da bolsa bir işi etjek bolsalar, şol çöplerden pal sorardylar. Yslam beýle işleri gadagan etdi.

Bu gün indi dinsiz kimseler sizi diniňizden (çykarmakdan) umytla-ryny üzdüler. Olardan gorkmaň. Menden gorkuň! Bu gün siziň diniňizi kämil kyldym, nygmatymy nogsansyz doly we bol edip berdim hem siz üçin Yslamy din edip saýladym. Elbetde, kimde-kim açlykda günä tarapa agmadyk halynda (haram edilen iýmitleri iýmäge) mejbur bolsa, (Alla geçirýär). Elbetde, Alla magrypatly, mähribandyr.

4.(Eý, Muhammet, möminler) Sizden özlerine nämäniň halal edilen-digini sorarlar. Aýdyň: "Siz üçin ähli päkize zatlar we ýene siziň tälimiňizi alan janawerler - Allanyň size bildiren zatlaryny öwredip, eldeki eden janawerleriňiz (tutan awlaryňyz) halal edildi. Olaryň siz üçin tutup getiren zatlaryny iýiberiň we (olary awa ugradanyňyzda) Allanyň adyny zikr eýläň! Alladan gorkuň! Elbetde, Alla örän tiz hasap-kitap edijidir.

5. Bu gün siz üçin ähli päkize zatlar halal edildi. Kitap berlen kimseleriň tagamy siz üçin halaldyr we tagamlaryňyz hem olar üçin halaldyr. Haçan ki zyna etmän, gizlin oýnaş tutunman, mahryny (galyňyny - süýt hakyny) berip öýlenseňiz, siz üçin möminleriň arasyndan özlerini haramdan saklan aýallar we kitap berlen kimselerden bolup, özlerini haramdan saklan aýallar hem halaldyr. Kim ki, imandan gaýtsa, onuň eden amalynyň kabul edilmejekdigi anykdyr we ol ahyretde zelel görüjiler taýpasyndandyr.

6. Eý, möminler, namaza durmankaňyz, ýüzüňizi hem elleriňizi tirsegiňize çenli ýuwuň, başyňyza pash çekiň, (ýagny, öl elleriňiz bilen sypalaň) we aýaklaryňyzy aşaklaryna çenli ýuwuň! Eger hapa bolsaňyz, ýuwunyň. Eger näsag ýa-da ýolagçy bolsaňyz, ýa-da hajathanadan çykan bolsaňyz, ýahudy hatynlaryňyza goşulan bolsaňyz we suw tapyp bilmeseňiz, päkize toprak bilen teýim ediň. Alla sizi kynçylyga sezewar etmek islemeýär, belki, siziň päklenmegiňiz we şükür etmegiňiz üçin size beren Öz nygmatyny kemally edip bermek üçin şeýle edýär.

7. Allanyň size beren nygmatyny we "Eşitdik we boýun bolduk" diýen wagtyňyzdaky siz bilen eden ähti-peýmanyny ýatlaň! Alladan gorkuň! Elbetde, Alla kalplary eýelän (syrlary) bilijidir.

8. Eý, möminler, Allanyň haky üçin dogry ýoly tutujy, adalat bilen şahadat üçin güwälik beriji boluň. Bir kowumy ýaman germegiňiz sizi biadyllyga çekmesin. Adalat kylyň. Şu takwalyga ýakynrakdyr. Alladan gorkuň. Elbetde, Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

9. Alla özüne iman getirenlere we ýagşy amallar edenlere magrypat we uly sylagy wada kyldy.

10. Dinsiz bolanlar we Biziň aýatlarymyza ýalan diýen kimseler bolsa, jähennem eýeleridir.

11. Eý, möminler, Allanyň size beren nygmatlaryny, käbir kowumlaryň size kast etjek bolanyny, olaryň, ellerini sizden Onuň Özüniň gaýtaranyny ýatlaň. Alladan gorkuň! Imanly kişiler Allanyň ýalňyz özüne söýensin.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatyň nazyl bolmagynyň sebäbi hakynda birnäçe rowaýat bar. Şolardan biri "Sahyhul-Buhary"da getirilen hadysdyr. Pygamber alaýhy-s-salam sahabalar bilen gidip barýarka, bir tokaýlyk menzilde düşläpdirler. Dem-dynç almak üçin her kim bar tarapa dargapdyr. Pygamberiň ýalňyz özi bir agajyň saýasynda ýanbaşlap, ýaňy irkilip ugran wagty, birden tisginip oýanypdyr. Seretse, bir arap (dagly, dinsiz araplardan) gylyjyny ýalaňaçlap, çapjak bolup dur. Resulallahyň - pygamberiň oýananyny gören arap:

-Indi seni menden kim aman saklap biler? - diýipdir.

Onda Pygamber alaýhy-s-salam hatyrjemlik bilen:

-Alla - diýip, jogap beripdir. Şonda ýaňky arap birden ýuwaşap, gylyjyny taşlap, pygamber alaýhy-s-salamyň ýanynda oturyberipdir. Galmagaly eşidip, ýetip gelen käbir sahabalar bolsa, bu bolan ahwala haýran galypdyrlar. Bu meşhur aýat: Özüne söýenen kişileri Allanyň

Özi saklaýar" diýip düşündirýär.

12. Alla Ysraýyl kowumlarynyň ähti-peýmanyny aldy we özlerinden on iki baştutany (Musa bilen bile Şam topragyny mesgen tutan dinsiz zalymlara garşy jeň etmek üçin) ugradyp, Alla aýtdy: "Elbetde, Men siz bilen biledirin. Kasam ki, eger namazy doly eda etseňiz, zekaty bagyş etseňiz, pygamberlerime iman getirip, ýardam berseňiz, we

(garyp-biçärelere ýagşylyk-yhsan etmek bilen) Allaga karzy-hasana berseňiz, elbetde, ýamanlyklaryňyzy öçürermen we elbetde, sizi astyndan derýalar akyp duran jennete dahyl edermen. Ine, şu ähti-peýmanymdan soň, sizden kimdir biri kapyr bolsa, onuň dogry ýoldan azandygy anykdyr".

13. Soň ähti-peýmanlary bozanlary sebäpli, olary näletledik we doň bagyr etdik. Olar (Töwratdaky Muhammet alaýhy-s-salamyň pygamber bolşy hakdaky) sözleri öz ornundan özgertdiler, özlerine ýatladylan ýerini bolsa unutdylar. (Eý, Muhammet), siz mydam olar tarapyndan edilen hyýanatdan üstün çykarsyňyz, belki, az bölegi (Yslamy kabul eden) hyýanat etmezler, bolany. Sen olary bagyşlap goýber. Sebäbi, Alla ýagşylyk edýänleri oňat görýär!

14."Biz nasranylar" (hristianlar) diýen kimselerden hem ähti-peýman aldyk. Soň olar özlerine ýatladylanyň käbir bölegini unutdylar. Haýyr, tä kyýamat gününe çenli olaryň öz aralarynda bozgukçylyk hem duşmançylygy öwç aldyrdyk. Soň Alla olaryň kylmyş- larynyň habaryny berer.

15-16. Eý, kitap eýeleri, ine, resulymyz (ilçimiz Muhammet alaýhy-s-salam) siz kitabyňyzda (Töwrat, Injilden) köp zatlary ýaşyrýan wagtyňyzda we käbir zatlary taşlap geçýän halyňyzda (Onuň pygamber bolşy we başga birnäçe meselelerde) geldi. Size Alla tarapyn Nur-ýagty kitap geldi ki, Alla oňa öz razylygy bilen

eýeren adamlary ýardamly ýollaryna ýollar we Öz ygtyýar eradasy bilen olary zulmatdan ýagtylyga çykarar, we olary Hak ýoluna düşürer.

17."Alla Meremiň ogly Mesyhdyr" diýen kimseleriň dinden çykandyklary anykdyr. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Eger Alla Meremiň ogly Mesyhy, onun, enesini we ýerdäki barça kişileri heläk etmek islese, kim Alla tarapyndan bolan (çagany) gaýdyp alyp biler?" Asmanlar, Ýer we olaryň arasyndaky ähli zatlar Allanyň mülküdir. Ol Öz isläp zadyny Öz isläp suratynda ýaradýar. Alla hemme zada kadyrdyr.

18. Ýahudylar we nasranylar "biz Allanyň söýgüli perzentleri" diýdiler. Aýdyň: "Onda näme Ol size günäleriňiz sebäpli azap berýär?!

Ýok! Siz hem Onuň ýaradan barça adamlary ýaly adamlarsyňyz. Özi isläp kişisine hemaýat berer, Özi isläp kişisine-de azap berer". Asmanlar, Ýer we olaryň arasyndaky bar zatlar Allanyň mülküdir. Diňe Onuň özüne dolanylýar.

19. Eý, kitap eýeleri, ine, resulymyz (Muhammet alaýy-s-salam) ozalky pygamberlerden soň ençe zaman geçip: "Bize ne bir (jennet hakynda) hoşhabar beriji, ne bir (dowzah azabyndan) gorkuzyjy gelmedi" diýmezligiňiz üçin size din hökümlerini beýan etmäge, size hoşhabar beriji (dowzah azabyndan) gorkuzyjy geldi. Alla hemme zada kadyrdyr.

20. Ýatlaň (Eý, Muhammet), Musa öz kowmuna: "Eý, kowumym, Allanyň size beren nygmatyny - araňyzdan pygamber ýaradanyny, ýene sizi mülk eýeleri edip, ähli adamlardan bir kişä-de bermedik ynamyny size bagyş edenini ýada salyň.

21-22. Eý, kowumym, Allanyň siz üçin ýazyp goýan bu mukaddes ýerine dahyl boluň! Yzyňyza gaýdyp gitmäň, bolmasa, zelel

görüjilere öwrülersiňiz" diýende, olar: "Ýa Musa, o ýerde äpet adamlar bar, tä olar çykmaýança, biz ol ýere zynhar girmeris. Eger olar çykyp gitseler, biz dahyl bolarys" diýdiler.

23.(Şonda on iki baştutanyň içinden) Alladan gorkan we Onuň ynam-merhemetine miýesser bolan iki kişi: "Olaryň üstüne derwezeden duýdansyz giriň. Ondan giren badyňyza, şübhesiz, ýeňiş gazanarsyňyz. Eger mömin bolsaňyz, ýalňyz Alla söýeniň" diýdiler.

24. Kowum aýtdy: "Ýa, Musa, eger olar şol ýerde bolsa, biz hiç haçan girip bilmeris. Bar, seniň özüň Perwerdigäriň bilen bile urşuberiň. Biz bolsa, ine, şu ýerde oturybereris".

25. Musa aýtdy: "Perwerdigärim, meniň diňe özüme we doganym (Haruna) sözüm ýetýär. Özüň biziň bilen bu etagatsyz kowumyň arasyny açgyn".

26. Alla aýtdy: Indi kyrk ýyllap bu ýer olar üçin haramdyr. Olar çölde azaşyp-entäp ýörerler. Sen bu etagatsyz kowumyň kylmyşyndan gamgyn bolmagyn".

27.(Eý, Muhammet), Olara Adam atanyň iki ogly hakyndaky habary dogry beýan et. Şonda olar gurbanlyk edenlerinde, olaryň biriniňki kabul edilip, biriniňki kabul edilmändi. Şonda ol: "Kasam edýän, seni öldürerin" diýende, dogany aýtdy: "Alla diňe takwalaryň gurbanyny kabul edýär".

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu waka şeýle bolan. Adam atanyň iki ogly Kabyl bilen Habyl bir gyza söz aýdýarlar. Şonda Adam ata olara Hudaý ýoluna gurbanlyk etmegi buýurýar we kimiň gurbanlygy Hudaýyň dergahynda kabul bolsa, gyzy şoňa nikalap berjegini aýdýar. (Onuň kabul bolandygynyň alamaty hökmünde) asmandan ot-çakmak düşüp, ýakyp gitmelidi). Olar bu şerti kabul etdiler we Kabyl özuniň kesbi daýhançylyk bolany üçin goýunlarynyň iň bir sypatsyzyny tapyp, gurban çalýar. Habyl bolsa goýunlarynyň içinden iň gowy bir goçy saýlap, gurbanlyk edýär. Şonda Habylyň gurbanlygynyň kabul edilendigi eşgär bolýar. Ine, şuňa gahar .gelip, Kabyl öz inisini

öldürmekçi bolýar.

28."Kasam edýän, eger sen meni öldürmek üçin el uzatsaň, men seni öldürmek üçin el uzadyjy däldirin. Çünki, men ähli adamlaryň Perwerdigäri bolan Alladan gorkýaryn.

29. Men seniň hem-ä meniň üçin günäkär bolmagyňy, hemem öz günäň üçin günäkär bolup, dowzah eýesi bolmagyňy isleýärin. Zalymlaryň jezasm şudur".

30. Hawa, nebsi oňa öz gardaşyny öldürmegi gözel edip görkezdi. (Kabyl) ony öldürdi we zyýan gerüjilerden bolup galdy.

31. Soňra Alla oňa gardaşynyň jesedini gömmegi öwretmek üçin ýer köwýän bir garga iberdi: Ol: "Maňa ölüm miýesser bolsun, ine, şu gargaça bolup bilmedim, inimiň jesedini özüm gömüp bilmezmidim?!" diýip, ah çekip, ötünýänlerden boldy.

32. Ine, şu (pajyga) sebäpli, Ysraýyl kowumynyň borjuna (şeýle permany) ýazyp goýduk: Eger kim bir jany öldürmedik we zeminde bozgakçylyk edip ýörmedik adamy öldürse, diýmek, ähli adamlary öldüripdir we eger kim oňa ömür berse, (ýagny, öldürmekden el çekse) diýmek, göýä ähli adamlara ömür beripdir. Olara (Ysraýyl kowumyna) pygamberimiz, ine, şeýle deliller getirdi. Şondan soň hem olaryň

köpüsi Ýer ýüzünde (gan döküp) hetdinden aşyp ýörenlerdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda Yslamyň ynsanperwerligi görünýär. Ýagny, bir kişini nähak öldürmek - tutuş jemgyýeti öldürmek, bir kişini betbagtlykdan alyp galmak bolsa, ähli jemgyýeti gorap saklamakdyr diýlip tassyklanýar.

33. Elbetde, Alla we Onuň pygamberlerine garşy uruşýan we ýerde bozgakçylyk etmek ugrunda hereket edýän kimseleriň jezasy öldürilmek, dardan asylmak ýa-da aýaklaryny, ellerini atanaklaýyn (ýagny, sag eli bilen çep aýagy ýa-da çep eli bilen sag aýagy)

çapmak, ýa-da ýaşaýan ýerlerinden sürgün edilmegidir. Bu jeza olar üçin bu dünýäde ryswalyk- şermendelik bolar. Ahyretde bolsa, olar üçin ulug azap bardyr.

34. Meger, siz onuň üstünden hökmürowan bolmagyňyzdan öň (ele düşmänkä) toba eden kişiler bolsa, bilip goýuň, Alla rehimlidir we geçirimlidir.

35. Eý, möminler, Alladan gorkuň we Oňa ýakyn bolmak ýoluny yzarlaň hem-de Onuň ýolunda yhlas ediň, belki, siz ýalkanarsyňyz.

36. Iman getirmeýän kimseleriň, eger Ýer ýüzündäki ähli zat şolaryňky bolsa-da, ýa-da ýene bir şonça zady bar bolsa-da, şony hem kyýamat günündäki azapdan halas bolmak üçin sarp etmekçi bolsalar-da, zatlary kabul edilmez. Olar üçin agyr azap bardyr.

37. Olar otly jähennemden çykjak bolarlar, ýöne hiç haçan çykyp bilmezler. Olar üçin ömürlik azap bardyr.

38. Ogry erkek adamyň, ogry aýalyň hem etmişlerine görä jeza üçin, Alla tarapyn azap üçin ellerini kesiň! Alla gudrat we hikmet eýesidir.

39. Emma kim beýle zulumyndan soň, toba edip, özüni düzetse, elbetde, Alla onun, tobasyny kabul edýär. Elbetde, Alla rehimli, mähribandyr.

40. Eýse, Asmanlaryň we Ýeriň Allanyň mülküdigini, Onuň Özüniň islän kişisine azap, islän kişisine rehim etjegini bilmediňizmi? Alla hemme zada kadyrdyr.

41. Eý, pygamber, dillerinde: "Iman getirdik" diýip, emma kalblarynda iman getirmedik we ýahudylardan bolan, küfr tarapa ylgaýan kimseler sizi gamgyn etmesin. Olar ýalana gulak asýan, siziň ýanyňyza gelmedik, sözleri öz ornunda goýlandan soň, özgerdýän başga bir kowuma (ýahudylara) gulak asýan kimselerdir.

(Ýahudylar); "Eger (Muhammet tarapyndan) size, ine, şu höküm berilse, alyň, bolmasa, (ýagny, başga bir höküm aýdylsa), ätiýaçly boluň, almaň" diýýärler. Allanyň Özi kimi azaşdyrmak islese, bes, siz onuň üçin Allanyň hökümine hiç çäre edip bilmersiňiz. Olar Allanyň köňüllériniň päklenmezligini isleýän kimseleridir. Olar üçin dünýäde ryswalyk, ahyretde bolsa uly azap bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatyň, nazyl bolmagy aşakdaky waka görädir. Töwratda zynakäriň üstüne daş ýagdyrmak buýrulandygyna garamazdan, ýahudylar zyna iş edýänleri dürreläp, ýüzüne gara çalmaga endik edipdiler. Medinede Yslam döwleti döränden soň, olar, ine, şu ýalan hökümi Muhammet alaýhy-s-salama hem tassyklatmakçy bolup, medineli käbir dinsiz kimselere bir zynakär ýahudyny goşup, pygamberiň ýanyna iberýärler we olara: "Eger Muhammet biziň endigimizi tassyklasa, kabul ediň, emma daş ýagdyrmagy buýursa, kabul etmäň" diýip tabşyrýarlar. Olar gelip, bu meseläni soranlarynda, pygamber alaýhy-s-salam: "Bu hakda Töwratda näme diýlipdir?" diýip soraýar. Olar: "Töwratda hem dürrelemek buýrulan" diýip, nädogry jogap berýärler. Şonda resulallah ýahudy ulamalaryndan birini tapdyryp, ondan: "Allanyň adyny orta goýup soraýaryn, Töwratda zynakäre nähili jeza buýrulan?" - diýip sorasa, ol: "Eger Allanyň ady bilen soraýan bolsaň, rastymy aýtmaga mejbur men - daş ýagdyrmak buýrulan" diýip, jogap berýär. Bu jogaby eşidenden soň, resulallah ýahudynyň üstune daş ýagdyrmagy buýurýar. Emma özi olaryň Allanyň Töwratdaky hökümini üýtgedip ýörenlerine gaty hapa bolýar. Şonda Alla Öz resulyna teselli bermek üçin şu aýatlary hasyl kyldy.

42. Olar ýalana gulak asyjy haramhor kimselerdir. Eger olar siziň ýanyňyza gelseler, aralarynda eminlik ediň ýa-da olardan ýüz öwrüň. Eger olardan ýüz öwürseňiz, zynhar, size bir zelel hem ýetirip bilmezler.

Eger höküm etseňiz, adalatly höküm ediň. Elbetde, Alla adalatlylary söýýär.

43. Ellerinde Töwrat bolup, onda-da Allanyň hökümi bar bolsa, sizden höküm sorap, soňra (ýagny, höküm edeniňizden soňra nähili

) ýüz öwrüp gidýärkäler? Olar asla mömin däldirler!

44. Elbetde, Biz Töwraty hidaýat we nury içine salnan halda hasyl edendiris. Alla boýun synyjy pygamberler, ylahyý bilim eýeleri we danyşmentler özlerine Allanyň Kitaby amanat goýlany sebäpli, ýahudylara (Töwrat hökümleri) bilen höküm edýärler. Olar bu Kitaba güwädirler. (Eý, ýahudy ulamalar), adamlardan gorkmaň, Menden gorkuň we Meniň aýatlarymy gymmaty az işlere çalyşmaň! Kimde-kim Allanyň hasyl eden dini bilen höküm etmese, onda ol kapyrdyr.

45. Onda (ýagny, Töwratda) ýahudylara jan üçin jan, göz üçin göz, burun üçin burun, gulak üçin gulak, diş üçin diş we (ýene başga ähli) ýaralar üçin - kast alynýar diýip, ýazyp goýduk. Indi kim ony (kasasy) geçip goýberse, özi üçin kaffarat (ýagny, günäleri öçüriji) bolar.

> *Kimde-kim Allanyň hasyl eden dini bilen höküm etmese, olar zalym bolan kimselerdir.*

46-47. Biz olaryň yzlaryndan özünden öňki Töwrady tassyklaýjy bolan, Isa bilen Meremi tirkedik we oňa hidaýaty we nury öz içine alan, özünden öňki Töwrady tassyklaýjy we takwalar üçin hidaýat (ýol görkeziji), pent-nesihat bolan Injili berdik hem-de: "Injile uýýanlar Allanyň onda hasyl eden zatlary bilen höküm etsinler" diýdik. Kimde-kim Allanyň hasyl eden dini bilen höküm etmese, olar etagatsyz bolan kimselerdir.

48. Size bolsa (eý, Muhammet), özünden öňki kitaplary tassyklaýjy we olara güwä bolan bu Kitaby hak-rast hasyl kyldyk. Indi adamlar arasynda Allanyň hasyl edeni bilen höküm ediň we size gelen Hakykatdan ýüz öwrüp, olaryň howaýy nebislerine eýermäň! Siziň her bir milletiňiz üçin aýry-aýry şerigat hem ýol goýduk.

Eger Alla islän bolsa, hemmäňizi hem bir millet edip bilerdi. Ýöne Özüniň ýaradan ynsanlarynda sizi .synamak üçin (her bir millete özbaşdak şerigat, ýol paýlady). Indi ýagşy amallara howlugyň! Ähliňiz Allanyň Özüne dolanjaksyňyz. Soňra bolsa Ol size.

49.(Eý, Muhammet), olaryň arasynda Allanyň hasyl eden zady bilen höküm ediň, olaryň howaýy nebislerine eýermäň we käbir kimseleriň Allanyň size hasyl eden hökümlerinde Sizi ýalňyşdyryp, nädogry ýola salmagyndan seresap boluň! Eger (siziň hökümiňizden) ýüz öwürseler, bilip goýuň, Alla olara käbir günäleri sebäpli, azap bermegi isleýändir. Şübhesiz, adamlaryň köpçüligi etagatsyzdyrlar (bihormat, boýun synyjy däl).

50. Dinsizliginiň hökmürowan bolmagyny isleýärlermi? Imanlary kämil bolan kowum üçin Alladan hem gözelräk höküm ediji kim bar?!

51. Eý, möminler, ýahudylary we nasranylary dost tutmaň! Olaryň öz-özleri, öz-özleri bilen dostdurlar. Sizden kim olara dost bolsa, onda ol hem şolardandyr. Elbetde, Alla zalym kowuma ýagşylyk edýän däldir.

52. Bes, ýüreginde merez bolan kimseleriň: "Bize bir bela ýetmeginden gorkýarys" diýen bolup, olar (kapyrlar) tarapa howlukýandyklaryny görersiňiz. Eger Alla musulmanlara ýeňiş berse ýa-da Öz huzuryndan (bu mynapyk kimseleri masgara edýän) bir işi getirse, olar içlerinde ýaşyran pygyllaryna ökünýänlere öwrülseler.

53.(Şonda) möminler (bir-birlerine): "Jan-tenimiz bilen siz bilen birdiris" diýip, kasam içenler şularmy?" - diýdiler. Ol mynapyklaryň kylan amallary bihuda we özleri zyýan görüjilere öwrüldiler.

54. Eý, möminler, siziň içiňizden kimde-kim dininden dänse, Alla başga bir kowumy getirer-de, Alla olary oňat görer, olar bolsa,

Allany ýagşy görerler. Olar möminlere rehimdar, dinsizlere bolsa, berk daraýjy, haýsy-da bolsa, bir melamatçynyň melamatyndan gorkman, Alla ýolunda göreşýän kişilerdir. Bu Allanyň isleg merhemeti bolup, Özi islän kişilerine berer. Alla fazly-keremi giň, bilijidir.

55. Siziň dostuňyz diňe Alladyr we Onuň pygamberidir we tagzym edýän, namazy doly berjaý edýän, zekaty eda edýän möminlerdir.

56. Kim Allany we Onuň pygamberini we möminleri dost tutsa, najat (peýda) tapar. Elbetde, diňe Allanyň tarapdarlary ýeňiş gazanyjydyr.

57. Eý, möminler, sizden öň kitap berlenleriň arasyndan diniňiziň üstünden gülýän kimseleri we küfr ýoluny tutujylary dost tutmaň! Eger mömin bolsaňyz, Alladan gorkuň!

58. Siz haçan namaza çagyrsaňyz (azan aýtsaňyz), olar masgara edýärdiler. Munuň sebäbi, olaryň akylsyz-jahyl kowumdyklarydyr.

59.*(Eý, Muhammet), aýdyň: "Eý kitap eýeleri, siz bizi Allaga, bize hasyl edilen Kitaba (Gurhana) we ozal hasyl edilen kitaplara iman getirenimiz, siziň köpiňiziň bolsa, etagatsyz bolanyňyz sebäpli ýaman görýärsiňiz".*

60. Aýdyň: "Size Allanyň huzurynda mundan beter ýamanrak "sogap" (alýan kimseler) hakynda habar bereýinmi? Olar Allanyň lagnatyna duçar bolan, gazaba giriftar bolan we maýmyna, doňuza öwrüp goýlanlar we şeýtana gul bolan kimselerdir. Ana, şolar iň ýaman mertebede bolan we bütünleý ýoldan azan kimselerdir".

61. Olar siziň, ýanyňyza gelenlerinde: "Iman getirdik" diýdiler. Emma,(Eý, Muhammet, siziň huzuryňyza) dinsiz halda girip, dinsiz halda çykarlar. Alla olaryň ýaşyrjak bolan syryny (ýagny, dillerindäki küfrüni) örän oňat bilijidir.

62. Olaryň köpüsiniň günäge, zuluma we haramhorluga çapýanlaryny görýänsiňiz. Edýän işleri nägadar ýaman iş!

63. Alymlary we danyşmentleri olary günä sözlerden, haramhorlukdan gaýtarmaýarlarmy?! Edýän hünärleri nähili ýaman hünär?!

64. Ýahudylar: "Allanyň eli baglydyr" diýdiler. Özleriniň gollary baglanyp galar we aýdan gepleri üçin lagnata uçrarlar. - Ýok! Onuň, goly açykdyr we Özi isledigiçe haýyr-yhsan edýär. Size Perwerdigäriňiz tarapyndan berlen (Gurhan) olaryň köpüsine apaty we küfri zyýat etjegi şübhesizdir. Olaryň arasyna tä kyýamat-magşara çenli gidýän duşman-çylyk we ýigrenç atyp goýandyrys. Olar haçan (size garşy) uruş oduny ýaksalar, Alla ony öçürýär. Olar ýerde bozgaklyk edip ýörýärler. Alla bolsa, bozgak kimseleri söýmez.

65. Eger kitap eýeleri iman getirip, Alladan gorksalardy, Biz, elbetde, ýamanlyklary öçürerdik we uçmah nygmatlaryna degişli ederdik.

66. Eger olar Töwrata, Injile we Perwerdigär tarapyndan hasyl edilen ehli zatlara amal etselerdi, üstlerinden hem, aşaklaryndan hem (Asmandan hem, Ýerden hem) rysklanan bolardylar. Olaryň arasynda adalat eýeleri bolan kişiler hem bar. Emma olaryň köpüsi örän ýaman amallary edýärler.

67. Eý, resulym, size Perwerdigäriňiz tarapyndan berlen zady (olara) ýetiriň! Eger (bu permana amal) kylmasaňyz, Onuň ilçiligini (bendelere) ýetirmedik bolarsyňyz. Alla seni adamlardan (olaryň ýamanlygyndan) gorar. Elbetde, Alla dinsiz kowumy dogry ýoldan äkitmez.

68. Aýdyň: "Eý, kitap eýeleri, tä Töwrada, Injile we size Perwerdigäriňiz tarapyndan inderilen barça zatlara amal etmeýänçäňiz, hiç bir dinde hem dälsiňiz. (Eý, Muhammet), Size Perwerdigäriňiz tarapyndan inderilen zadyň olaryň köpüsiniň howpuny we küfrüni zyýat etjegi şübhesizdir. Dinsiz kowumyň etmişleri üçin siz gamgyn bolmaň.

69. Elbetde, iman getirenler we ýahudy bolanlar, sabiler (perişdelere sygynýanlar) we nasranylar (hristianlar) soňky günde Alla iman getirseler, ýagşy amallar kylsalar, olar üçin howp-hatar we gaýgy-gam ýokdur.

70. Biz Ysraýyl kowumlarynyň ähti-peýmanyny aldyk we olara pygamberler iberdik. Her gezek olaryň ýanyna pygamber göwünlerine ýaramaýan bir hökümi getirse, birisini ýalançy edýärler, birini bolsa öldürýärler.

71. We (bu kylmyşlary netijesinde) hiç hili pitne bolmaýar diýip oýlanyp, kör ýa ker bolup galdylar. Soň (toba edenlerinde) Alla tobalaryny kabul etdi. Soň olaryň köpüsi ýene kör we ker bolup galdylar. Alla kylynýan amallary görüjidir.

72. Şonda: "Meremiň ogly Masyh - Hudaýdyr" diýen kimseler anyk kapyr boldular. Onda Masyh: "Eý, Ysraýyl kowumlary, Perwerdigärim we Perwerdigäriňiz bolan Allaga bendelik ediň" - diýdi. Elbetde, kimde kim Allaga çirk ýetirse, Alla oňa jenneti haram eder we barar jaýy dowzah bolar. Zulum edijilere birew hem ýardamçy bolmaz.

73."*Alla üçüň (ýagny, Alla, Merem, Isa) biridir" diýen kimseler hem anyk kapyr boldular. Çünki, ýeke-täk Ylahydan başga ylah ýokdur. Eger aýdan geplerinde saklanmasalar, elbetde, olardan dinsiz bolan kimseleri agyr azap çekýär.*

74. Eýsem, Alla toba edip, magrypat etmegini soramaýarlarmy?! Alla rehimlidir, mähribandyr!

75. Meremiň ogly Isa diňe bir pygamber bolup, ondan ozal hem köp pygamberler ötendir. Onuň enesi bolsa, syddyka - Allaga hak-rast iman getiren aýaldyr. Ikisi hem tagam iýýärdiler. (Eý, Muhammet), aýat-hüjjetleri nähili beýan edişimizi görüň, soňra olary nähili ýalan-ýaşryk tarapa agdarýandyklaryny görüň!

76. Aýdyň: "Allany goýup, size zelel hem, peýda hem bermeýän zatlara ybadat edýäňizmi? Alla eşidiji, bilijidir".

77. Aýdyň: "Eý, kitap eýeleri, diniňizi nädogry tarapa öwürmäň we (Yslam gelmezinden) öň ýoldan azaşan we köpleri ýoldan azdyran, şeýdibem dogry ýoldan çykyp giden kowumlaryň nebsi-howalaryna eýermäň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýahudylar Isany atasyz doglany üçin "waledi zyna", ýagny "binika doglan çaga" diýip ykarat, töhmet etdiler. Nasranylar bolsa, "Isa Hudaýyň ogly" diýdiler. Şonuň üçin bu aýatda iki taýpa hem: "Diniňizi nädogry tarapa öwürmäň" diýilýär.

78. Ysraýyl kowmunyň arasyndan dinsiz bolan kimseler Dawud we Meremiň ogly Isanyň dilinden näletlenendirler. Munuň sebäbi, olar gulak asmadylar we jenaýatkär boldular.

79. Olar bir-birlerine eden nälaýyk işlerinden saklanmadylar. Bu etmişleri nähili ýaman iş!

80. Olaryň köpüsiniň dinsiz kimseleri dost tutanlaryny gerersiňiz. Olara nebsi-howalary (howaýy nebis) nägadyr ýaman zady - Allanyň gazabyny getirdi. Indi olar ebedi azapda galjaklar.

81. Eger Allaga, pygambere we oňa indirilen kitaba iman getiren bolsadylar, olary (dinsizleri) dost tutmazdylar. Läkin, olaryň köpüsi etagatsyz kimselerdir.

82. Iman getirenlere iň uly ýamanlyk kylyjy adamlaryň ýahudylar we müşrik (köp- hudaýlylar) kimselerdigini görýäňiz. Iman getirenlere iň ýakyn dost bolanlar bolsa, "Biz nasranylardyrys" diýýän kişiler-digini görýäňiz. Onuň sebäbi hem, olaryň arasynda alymlar we rahyblar (monahlar) bardygy we olaryň kibr-howa kylmazlyklarydyr.

83. Olar pygambere inderilen nygmaty (Gurhany) eşidenlerinde, onuň hakdygyny bilendikleri sebäpli, gözlerine ýaş dolandygyny görýäňiz. Olar: "Perwerdigäre iman getirdik. Indi bizi güwälik berijiler hataryna ýazgyn" diýdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat Hebeş döwletindäki hristianlar (nasra-nylar) hakynda hasyl bolan. Yslamyň ilki döwürlerinde Mekgedäki müşrikler (köphudaýlylar) pygamber alaýhy-s-salama iman getiren sahabalara dürli ýollar bilen azar berip, musulmanlar üçin Mekgede ýaşamak juda kynlaşanda, Resulallah-pygamber birnäçe sahabalara Hebeşistana hijret etmegi (gitmegi) buýurdy. Ol ýerde nasranylar ýaşaýardy. Musulmanlar baranda, Hebeşistan (Efiopiýa) patyşasy Najaşyý olardan kimdiklerini we haýsy dine ynanýandyklaryny soraşdyrýar. Olar özleriniň arap ýurdundan gelendiklerini, dinleriniň Yslam, pygamberle-riniň Muhammet alaýhy-s-salamdygyny aýdýarlar. Najaşyý: "O nähili din we haýsy Kitaba eýerýär, ol haýsy Pygamber?" diýip soranda, musulmanlar pygamber alaýhy-s-salam hakynda maglumat berip, Yslamyň täsir güýjuni düşündirýärler we Gurhanyň aýatlaryndan beýan aýdýarlar. Şonda Najaşyý we başga nasrany ulamalar we rahyblar Yslamyň hak dindigine, Gurhanyň bolsa, ylahyý kitapdygyna boýun bolýarlar we bu Kitabyň täsirinden ýaňa gözýaşlaryny saklap bilmeýärler. Najaşyý bolsa: "Bu Kitap bilen biziň Injilimiziň asly-sakasy bir bolmaga çemeli" diýýär we musulmanlara bu ýurtda arkaýyn, erkin ýaşamaga rugsat berip, olar üçin amatly ýer taýynlamagy emeldarlaryna buýurýar.

Bu wakadan habar tapan şol ýerli ýahudylar (ýewreýler): "Nasranylar öz dinlerinden çykyp, musulmanlar boldular" diýip melamat edenlerinde, hristian ulamalary we rahyblary olara şeýle jogap berdiler.

84."Biz nämüçin Allaga we bize gelen hak dine ynanmaly dälmişik?!

Ýene Perwerdigärimiz bizi hem şu salyh kowum bilen bile (jennete) dahyl etmegini tama etmeli dälmişin?!".

85. Ine, şu sözleri üçin Alla olary astyndan deŕýalar akyp duran, ebedi ýaşar ýaly uçmahlar bilen sylaglady.

86. Dinsiz bolan we Biziň aýatlarymyza ýalan diýen kimseler bolsa, jähennem eýeleridir.

87. Eý, möminler, Allanyň siz üçin halal edip goýan zatlaryna haram diýmäňler we (Allanyň belgilän çygryndan) çykyp gitmäňler! Elbetde, Alla hetden aşýanlary söýmez.

88. Allanyň size rysk edip beren halal päk zatlaryndan iýiň we özüňiziň iman getiren Allaňyzdan gorkuň!

89. Alla sizi dilleriňizdäki bihuda kasamlaryňyz bilen jezalandyrmaz. Belki, (ýüregiňize) mäkäm düwen kasamyňyz sebäpli (eger şol kasamy bozsaňyz) jezalandyrar. Indi onuň kefa- raty (öwezi) öz maşgalaňyza berýän ortaça tagamlaryňyzdan on misgine tagam bermek ýa-da geýindirmek ýa-da bir guly azat etmekdir. Kim (bu zatlary) tapyp bilmese, üç gün oraza tutsuň! Ine, şu siziň kasamyňyzyň kefaratydyr. (Kasamyňyzy berkidijidir). Kasam- laryňyzy goraň! Şükür etmegiňiz üçin Alla size Öz aýatlaryny, ine, şeýle aýdyň beýan edýär.

90. Eý, möminler, arak-şerap, hummar (oýnamak), butlar (ýagny, olara çokunmak), we çöpler (çöpler bilen pal atmak), - şeýtan amalyndan bolan hata işdir. Indi najat1 tapmagyňyz üçin olaryň her birinden uzak boluň!

91. Içgi, hummar sebäpli, şeýtan araňyza duşmançylyk we ýigrenç salyp, Alla adyny zikr etmegiňizi, namaz okamagyňyzy duruzjak

bolýar. Eýsem, durarsyňyzmy?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu hökum Gurhandaky arak, hummar hakyndaky ahyrky hökümdir. Musulmanlaryň, ine, şu höküme amal etmegi parzdyr. Adat bolşuna görä, Gurhan bu zatlary diňe haram diýmek bilen çäklenmän, olaryň näme sebäpden haram edilendigini hem beýan edýär.

92. Alla etagat ediň, pygambere boýun synyň we (haramdan) ätiýaçly boluň! Eger (etagatdan) ýüz öwürseňiz, biliň ki, pygamberimiziň boýnunda diňe (Biziň hökümlerimizi) açyk-röwşen edip ýetirmek bar, bolany.

93. Iman getirenler we ýagşy amallar kylanlar üçin eger (haram zatlardan) saklanyp, imanda we ýagşy amallarda gaýym bolsalar, soňra özlerini saklap (o zatlaryň haramlygyna) ynansalar, soňra Alladan gorkup, ýagşy amallar kylsalar (ozal) iýip-içen zatlaryndan günä ýokdur. Alla ýagşy amallar edýänleri gowy görýändir.

94. Eý, möminler, elbetde, Alla gaýypda (görmän) durup, Özünden gorkýan kişileri tanamak üçin sizi (haj saparynda bolan çagyňyzda) eliňiz we naýzaňyz ýeter ýaly aw bilen synag edýär. Ine, şu (duýduryşdan) soň, kim (ahramda bolan wagtynda aw awlap) hetdinden aşsa, onuň üçin agyr azap bardyr.

95. Eý, möminler, yhramda (yhram-haj ýa umra etmek niýetinde ýörite geýilýän geýim) bolan wagtyňyzda bir jandary hem awlamaň! Siziň araňyzda kim bilkastdan haýsy-da bolsa bir jandary awlasa, (onuň boýnunda çarwa mallaryndan öldüren awy barabarynda jeza bardyr ki, ol Käbä ýetip baryjy hadýa (gurban) bolup, oňa özlerinden iki adalat eýesi eminlik edýär. Ýa-da (onuň boýnunda) kefarat (şol awuň gymmaty barabarynda) misginlere tagam bermek ýa-da öz işiniň zelelini dadyp görmek üçin şonuň (ýagny, şol gymmatyň) barabarynda oraza tutmak 1- (BELLIK: Najat - ýardam, peýda, bagt manysynda gelýär. Türkmen dilinde "Öz najadyny özüň gör" diýen

aňlatmany, söz düzümini ýada salyň.)

2- (BELLIK: Ahram - yhram, iki hili aýdylyşy bar).

bardyr. Ozal eden awlaryny Alla bagyşlady. Kim ýene gaýdyp aw etse, ondan Alla intikam (ar) alýar. Alla gudrat we intikam sahybydyr!

96. Siziň özüňiziň we başga mysapyrlaryň peýdalanmagy üçin deňiz (suw) awy we onuň iýmişleri (ýagny, siziň awlanyňyz däl-de, özi kenara çykan zatlar) halal edilen. We şeýdip yhramdakaňyz gury ýer awy haram edildi. (Kyýamat güni) dergahyna toplanjak Allaňyzdan gorkuň!

97. Alla Käbäni - Beýt-ul-hyramy, uruş gadagan edilen aýy, hadýa (gurbanlyk) we hadýa belgilerini (hadýa üçin adaglanan janawarlara dakyp goýulýan hadýalyk almatlaryny) adamlar üçin dogrulyk esasy edip goýdy.

DÜŞÜNDIRIŞ. Adamlar Käbäni mukaddes hasaplanlary üçin ol ýerde uruşmaýardylar. Eger Käbede birden jenaýatçy gelip girse, tä çykýança, oňa degmeýärler. Uruş gadagan edilen aýlarda (zülkada, zülhiçje, mäherrem we rejep aýlarynda) adamlar üçin hiç hili uruş howpy ýokdur. Alla ýoluna gurbanlyk edilen ýa-da hadýalyk belgisi dakyp goýlan janawara hem hiç kim degmeýär, eger açlykdan ýaňa ysgyndan gaçsalar-da, ol jandarlary soýup iýmegi günä hasaplaýardylar. Ýokarda sanap ötülen ýagdaýlar adamlarda dogrulyk, rastlyk duýgularyny terbiýelemäge niýetle-nen.

Bu (zat) Allanyň asmanlardaky we Ýerdäki bar zady bilýändigini -Allanyň ähli zady bilijidigini bilmegiňiz üçindir.

98. Elbetde, Allanyň azabynyň berkdigini, we elbetde, Allanyň rehimli, mähribandygyny hem biliň!

99. Pygamber borjunda diňe (habar) ýetirmek bar, bolany. Alla äşgär eden zadyňyzy hem, ýaşyryn zadyňyzy hem bilýär.

100.(Eý, Muhammet) aýdyň: "Eger päk däl zadyň bolçulygy sizi gyzyklandyrsa hem, päk däl zat päk zada barabar bolmaz. Indi, eý danyşmentler, najat tapmagyňyz üçin Alladan gorkuň!

101. Eý, möminler, (manysy) açylanda, siziň gaharyňyzy getirýän zatlar hakda soramaň! Gurhan hasyl bolýarka (beýan edilýän wagtda), o zatlar hakynda sorasaňyz, size açyp berilýär. (Ýagny, boýnuňyza ýüklenýär). Ony bireýýäm Alla geçirip goýupdy. Alla geçirimli, mähribandyr.

102.Ol zatlar hakynda sizden öňki kowum sorapdy. Soňra bolsa, ol zatlary inkär edýänlere öwrüldiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ysraýyl kowumlary öz pygamberlerinden Allanyň olara buýurmadyk zatlaryny soraýardylar. Soň pygamber olara şol zatlary etmäge emr edende bolsa, el çekdiler. Şonuň üçin Gurhan musulmanlara Allanyň buýurmadyk işlerini soraşdyryp ýörmäň, özlerine buýrulan ybadatlary ýerine ýetiribermelidigini düşündirýär

103. Alla ne "bahiýra" ne "saýyba" ne "wasyýla"we ne "hamiý" etmäge buýran däldir. Ýöne dinsiz kimseler Allanyň şanyna ýalan tirkeýärler. Olaryň köpüsi düşünmeýänlerdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam gelmezinden ozal araplarda şeýle endik bardy. Bäş gezek botlan duýäniň gulagyny kesip, butlara bagyşlaýardylar. Şondan soň ony sagmak haram hasaplanýardy. Beýle düýäni "bahyýra" diýip atlandyrýardylar. Birde-ýarym näsaglasa: "Eger sagalyp gitsem, düýämi Taňry ýoluna kowup goýbererin" diýip kasam içýärdi. Sagalandan soň bolsa, duýesini köçä kowup goýberýärdi we ondan hiç kim peýdalanmaýardy. Ony "saýyba" diýip atlandyrýardylar. Araplar yzly-yzyna iki inen köşek botlan ene maýa hem "wasyýla" diýip at goýup, butlara güwälik berýärdiler: "Hamiý" bolsa tohumyndan on köşek bolan erkek düýedir. Araplaryň endigine görä, beýle düýeler hem öz etmeli işini edip bolan diýip hasaplanyp, boş goýberilýärdi. Ýokardaky aýat bu işleriň biriniň hem Taňrynyň permany däldigini hurafat - ýalandygyny düşündirýär.

104. Haçan olara: "Allanyň inderen zadyna we pygambere dolanyň" diýilse, olar: Ata-babalarymyzy nämäniň üstünde (ýagny, haýsy diniň) tapan bolsak, biz üçin şol ýeterlik" diýýärler. Eger ata-babalary hiç zady bilmeýän we hak ýoly tapmadyk bolsalar hem?!

105. Eý, möminler, öz kalbyňyzy biliň! (ýagny, günälerden saklanyň!) Eger hak ýoly tutýan bolsaňyz, azaşan kimseler size zelel ýetirip bilmez. Ähliňiz hem Allanyň gaşyna barjaksyňyz, şonda Alla size eden amallaryňyzdan habar berer.

106. Eý, möminler, biriňize ölüm gelende, - weset edýän wagtynda özüňizden (ýagny, musulmanlardan) bolan iki adalat eýesi ýa-da eger bir ýere sapar edip, şol ýerde size ölüm ýeten bolsa, özgelerden bolan iki kişi araňyzda güwä bolsun. Ol güwäçileri namaz okap bolandan soň çagyryň. Eger (olaryň adyl boljagyna şübhe etseňiz), olar Allanyň adyna şeýle kasam içmelidir: "Eger güwälik berilýän mirasdar garyndaşlarymyz bolsa-da, bu ähtimizi azajyk gymmata çalyşmaýarys we Alla üçin beren güwäligimizi gizlemeýäris. Elbetde, ol halda (gizlesek) biz hiç bir şek-şübhesiz günäkär bolup galarys".

107. Eger olaryň günäkär bolandyklary (ýagny, ýalan güwälik berenleri) mälim bolsa, ol halatda olaryň arasynda durýan, mirasdan hakly kişilerden başga iki kişi (güwälik bermek üçin) iň laýyk kişilerdir.

> *Onda ol ikisi hem "Biziň beren güwäligimiz olaryň güwälerinden dogrurak, biz (bu güwälik bermekde) zat gizlämzok. (Eger gizlesek) onda biz, hiç hili şek-şübhesiz, zalym- lardan bolýarys" diýip, Allanyň adyna kasam içýärler.*

108. Ine, şu rast güwälik berişlerine ýa-da kasamlaryndan soň ýene gaýtadan kasam içmekden (ýagny, masgara bolmakdan)

gorkuşlaryna ýakynrak hökümdir. (Eý, möminler), Alladan gorkuň we Oňa gulak asyň! Elbetde, Alla etagatsyz kowumy hak ýola ýollamaz!

109. Alla pygamberlerini toplap: "Size (ýagny, eden işleriňize, başlan ýoluňyza ymmat- laryňyz tarapyndan) nähili jogap boldy?" diýip soraýan gününde, olar: "Biz bilmeýäris. Diňe Seniň Özüň gaýyp ylymlaryň bilimdary Sen!" diýýärler.

110. Ýatlaň (Eý, Muhammet), Alla aýdypdy: "Eý, Meremiň ogly Isa! Saňa we seniň walydaňa (eneňe) beren hümmetimi - seni Ruhul-Kuds (Jebraýyl) bilen kuwwatlandyramda, adamlar bilen sallançakdakaň hem ulular ýaly sezleşeniňi, saňa kitap - hat we hikmet - ylmyny, Töwrady we Injili bildirenimi we Meniň idin-ygtyýarym bilen laýdan guş tymsalyny ýasanyňy, soňra oňa üfläniňde, Meniň idin-ygtyýarym bilen hakyky guşa öwrülenini, Meniň idin-ygtyýarym bilen kör we pis näsaglary sagaldanyňy we Meniň idin-ygtyýarym bilen ölüleri (diril-dip, gabyrlaryndan) çykaranyňy ýatla! Ýene Ysraýyl kowmuna bu mugjyzalary getiren wagtyňda, olaryň seni (heläk etmeginden) sakla-nymy ýatlagyn! Şonda olaryň içindäki kapyrlar: "Bu açykdan-açyk sährden (jadygöýlükden) özge zat däl" diýdiler.

111. Ýene hawarylara (apostollara sen arkaly): " Maňa we pygamberime iman getiriň" diýip wahyý (habar, owaz, yşarat) iberenimde, olar: "Iman getirdik. (Eý, Perwerdigär), biziň etagat kylyjylardygymyza Özüň şaýat bol" diýenlerini ýatlaň!

112. Hawarylar: "Eý, Meremiň ogly Isa, Perwerdigäriň bize asmandan bir desterhan düşürmäge kadyrmy?" diýen wagtlarynda (Isa olara) "Eger mömin bolsaňyz, Alladan gorkuň" diýip jogap berdi.

113. Olar: "Biz (diňe) şol desterhandan iýmegi we köňüllerimiziň tesgin (rahatlyk) tapyşyny hem-de seniň rast sözläniňi anyk bilip, şol supra güwälik berýänlerden bolmagy isleýäris" - diýdiler.

114-115. Şonda Meremiň ogly Isa: "Eý, Allam, Perwerdigär, bize asmandan bir supra ýaýyň ki, ol owal-ahyrymyz üçin baýram we Seniň aýat-mugjyzaň bolup galar. Bize (şu hümmeti) eda kylgyl, Özüň iň ýagşy rysk beriji Sen" diýende, Alla aýtdy: "Men ony size düşürerin. Emma şondan soň, sizden kimde-kim kapyr bolsa, ony şeýle azaba giriftar eder men ki, bütin älemlerden bir adamy hem beýle azaplaman".

116. Ýatlaň (Eý, Muhammet), Alla: "Eý, Meremiň ogly Isa, adamlara "Allany goýup, meni hem enemi Hudaý ediniň" diýip sen aýtdyňmy?" diýende, (Isa) aýtdy: "Eý, päk Perwerdigär, hakym bolmadyk zady aýtmak meniň üçin dürs däldir. Eger aýdan bolsam, Sen, elbetde, bilerdiň. Hakykatda Sen göwnümizdäki bar zady bilýäň. Emma men Seniň huzuryň- daky hiç zady bilmeýärin. Diňe Sen gaýyp ylymlaryň bilimdary Sen!

117. Men olara diňe Seniň emr eden sözüňi aýtdym: "Perwerdigärim we Perwerdigäriňiz bolan Alla ybadat ediň! We aralarynda bolan mütdetimde, olaryň üstünde güwä bolup durdum. Meni Öz huzuryňa alanyňdan soň bolsa, Seniň Özüň olaryň üstünden gözegçilik ediji bolduň. Özüň hemme zada güwäsiň.

118. Eger olara azap berseň, olar Seniň ejiz bendeleriň. Eger olara rehim kylsaň, elbetde, Seniň Özüň gudrat, hikmet eýesi".

119. Alla aýtdy: "Bu gün (ýagny, kyýamat güni) hak-rast iman getirenlere rast sözleriniň peýda berýän günüdir. Olar üçin aşagyndan derýalar akyp duran jennetler bardyr. Olar onda ebedi galjaklardyr. Olardan Alla razy boldy, olar hem. Alladan razy

boldular. Bu bolsa uly bagtdyr.

120. Asmanlar we Ýer hem-de olardaky bar zat Allanyň mülküdir. Ol hemme zada kadyrdyr.

6. ENGAM (ÇARWA MALLAR) SÜRESI

Mekgede hasyl edilen we bir ýüz altmyş bäş aýatdan ybarat bu sürede yggykat we iman baýlygy hakynda söz açylýar. Ol manysy taýdan Medinede hasyl bolan Bakara (Sygyr), Imranyň öýi, Aýallar, Supra sürelerinden düýpli parh edýär. Bu sürede yslam jemgyýetiniň özüne has bolan alamatlar - oraza, haj, maşgala meseleleri ýa-da jihad hökümler,. ýa-da kitap eýeleri we başgalar dogrusynda sözlenmeýär. Diňe, onda ygtykat we imana bagly esasy meseleler - Allanyň zaty we sypaty, wahyý we pygamberliginiň tassyklanmasy hem-de gaýtadan diriliş we kyýamat gününde bolýan hasap-kitap barasynda pikir ýöredilýär.

"Çarwa mallar" süresindäki aýatlar Allany ýaradyjylykda hem, şerigat kanunlarynda hem, ebedilikde hem bir diýip düşündirýär. Ýene pygam-berler atasy - Ybraýym alaýhy-s-salam we onuň neslinden bolan birnäçe pygamberler hakynda hekaýa edilýär.

Bulardan daşgary ýaşap ýören dünýämiziň ynsan üçin synag-ymtyhan älemidigi aýdylyp, ynsan bu dünýäde Allanyň goýan halyfydyr diýip takyklanýar. Şunlukda bu dünýäni abat, rahat etmegiň hem, haraba-weýrana öwürmegiň hem ynsanyň öz elindedigi ýene bir gezek ýatladyp geçilýär.

Başga süreler belek-bölek, her hili wagt mütdetlerde hasyl edilen bolsa, bu süre Mekgede bir gijede birden dolulygyna hasyl bolupdyr.

Bu sürede ýene çarwa mallary we olar hakyndaky hökümler beýan edileni üçin oňa "Engam" - ýagny, "Çarwa mallar" diýip at berilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Hamdy-sena asmany we Ýeri ýaradan, zulmatlary we nury ýaýradan Alla üçindir. Soňra (ýagny, Onuň ýeke-täkdigi hakyndaky delilleri görüp durup) dinsiz bolan kimseler Perwerdigärine (özgeleri) deňleşdirýärler.

2. Ol sizi (Ataňyz Adam atany) laýdan ýaradyp, soňra ajaly (ýagny, dirilik mütdetini) belgiläp goýandyr. Onuň huzurynda ýene bir belgilenen ajal (ýagny, diriliş pursaty) bardyr. Şundan soň hem siz (eý, dinsizler) şübhelenýäňizmi?!

3. Ol asmanu-ýerdäki ýeke-täk Alladyr ki, siziň ýaşyran we äşgär eden zatlaryňyzy hem, kesbi-kärleriňizi hem bilýändir.

4. Olara (ýagny, kapyrlara) Perwerdigärinden bir aýat gelse, ondan, elbetde, ýüz öwrüji boldular.

5. Olara hak (Gurhan) gelende, ony hem ýalan diýdiler. Indi ýakyida olara özleriniň masgaralap ýören zatlarynyň habary geljek (ýagny, Gurhanda aýdylýan habarlaryň çyndygyny bilerler).

6. Olardan owal näçe asyrlary (nesilleri) heläk edenimizi görmedilermi?! Olara (ýagny, şol asyrlarda ýaşan adamlara) Ýerde size bermedik ýerlerini berip, üstlerinden ýagmyrlar ýagdyryp, astlaryndan derýalary akdyryp goýupdyk. Ýöne günäleri sebäpli, şolary hem heläk etdik we soň ýene başga nesilleri peýda kyldyk.

7.*(Eý, Muhammet), eger size kagyza (ýazylan) bir maktup (hat) indersek we ony elleri bilen uşlap (tutup) görseler hem dinsiz kimseler: "Bu açyk sähr-jadydan özge zat däl" diýen bolarlar.*

8."*Onuň (ýagny, Muhammediň pygamberligini tassyk edýän) bir perişde gelse" diýdiler. Eger perişde indersek, iş gutarardy. Soňra olara garap durulmaz.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýata şeýle düşünmek lazym: eger asmandan olaryň talap eden perişdesi düşse, şondan soň hem iman getirmän, kapyrlyk-laryna aýak diräp dursalar, "iş gutarardy", ýagny, hiç hili möhlet berilmän, olar derrew gurban edilerdi. Käbir ynanmaýan kimseler: "Pygamberem biziň ýaly adam eken, perişde bolan bolsa, oňa iman getirerdik" diýenlerinde, olara jogap hökmünde aşakdaky aýat hasyl boldy.

9. Eger onuň (pygamberiň) özüni perişde etsek hem, ony är kişi (ýagny, ynsan suratynda) we olaryň özleriniň bulaşdyryşy ýaly, näanyk halda goýardyk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Çünki, perişdeler nurdan ýaradylany üçin, eger ynsan suratyna girizmesek, adamlar olary görüp bilmeýärler. Ynsan sypatynda görenlerinde bolsa, onuň perişdedigine ynanmaýarlar.

10.(Eý, Muhammet), sizden owal geçen pygamberleriň hem üstünden gülüpdiler. Soň olary masgara eden kimseleriň öz gülküleri öz başlaryna geldi (ýagny, helak etdi).

11. Aýdyň: "Ýeri aýlanyp çykyň, soňra (pygamberlere) ýalançy diýenleriň akybetiniň nähili bolanyny görüň" (diýip).

12. Aýdyň: (soraň) "Asmandaky we ýerdäki zatlar kimiňki?" (diýip).

Aýdyň: "Allanyňky! Ol özüne asmandaky we Ýerdäki bar mewjudata rahmet (kepilini) ýazyp goýandyr. Ol sizi, hiç hili şek-şübhesiz, boljak kyýamat-magşara toplaýar. Diňe öz-özüne zelel etjek kimseler iman getirmeýärler!"

13. Gije we gündize jem bolan ähli zat Onuňkydyr. Ol eşidiji, bilijidir.

14. Aýdyň: "Özi rysklanman, (barçany) rysklandyran, asmanyň we Ýeriň ýardyjysy bolan Alladan özgäni dost tutaýynmy?" Aýdyň: "Elbetde, men Allaga boýun synyjy kişileriň birinjisi bolmaga emr edildim". Hergiz müşriklerden (köphudaýly- lardan) bolmaň!

15. Aýdyň: "Elbetde, men eger Perwerdigärime etagatsyzlyk etsem, ulug günde (kyýamatda Alla tarapyndan) boljak azapdan gorkýaryn".

16. Şol günde kimden (azap) sowulsa, ana, onda Allanyň rehim etdigidir. Ine, şu açyk ýardamdyr!

17. Eger Alla size bir zelel ýetirse, onda ony diňe Özünden başga dep etjek ýokdur. Eger size bir ýagşylyk ýetirse, onda biliň ki, Ol hemme

zada kadyrdyr.

18. Onuň Özi bendeleriniň üstünden ýeňiş gazanyjydyr, Onuň Özi hikmet sahyby (her zatdan) ägädir.

19. Aýdyň: "Ähli zatdan dogry güwä nämedir?" Aýdyň: "Alla meniň bilen siziň araňyzda güwädir. Sizi we (Gurhan) ýetip barýan kişileri (ahyret azabyndan) gorkuzmagym üçin maňa - ine, şu Gurhan wahyý edildi. Siz: "Alla bilen bile başga hudaýlar hem bar diýip, güwälik berip bilýäňizmi?" Aýdyň: "Men-ä beýle güwälik berip bilmerin!"

Aýdyň:"Hiç hili şek-şübhesiz, Alla birdir. Elbetde, men siziň müşrikligiňizden päk men".

20. Biziň kitap beren kimselerimiz (ýagny, ýahudylar we nasranylar) ony (Muhammet pygamberi) öz perzentlerini tanaýyşlary ýaly tanaýarlar. Öz-özlerine zyýan edenlere olar ynanmaýarlar.

21 Allanyň şanyna ýalan ýöňkän ýa-da Onuň aýatlaryna ýalan diýen kimsedenem zalymrak kim bar?! Elbetde, beýle zalymlar najat tapmazlar.

22. Olaryň barçalaryny toplap, soňra müşrik (köphudaýly) bolan kimselerden: "Allanyň şärikleri diýip güman eden butlaryňyz hany?" diýip sorajak Günümizi (ýatlaň)!

23. Soňra olaryň aldawlary diňe şu bolar: "Perwerdigärimiz Allaga kasam ki, biz köphudaýly däldik".

24. Öz-özlerini şunuň ýaly aldanlyklaryny we seçip alan "hudaýlarynyň" ýok bolandygyny görüň (eý, Muhammet)!

25. Olardan size gulak asýanlary hem bar, (emma) Biz ony (Gurhany) aňlamazlyklary üçin dillerini perdeläp, gulaklaryny agyr edip goýduk. Olar bir aýatlary (mugjyzalary) görseler hem, iman

getirmeýärler. Hatda siziň ýanyňyza jenjelleşip gelen wagtlarynda hem dinsiz kimseler: "Bu (Gurhan) diňe owalkylardan galan efsanalar (rowaýatlar), bolany" diýdiler.

26. Olar (özgeleri) ondan (Gurhandan) gaýtaryýarlar we özleri hem ondan çetleşýärler. Olar özleri aňmaýan ýagdaýda özlerini heläk edýärler.

27. (Eý, Muhammet), olary dowzahyň üstünde duruzylanda: "Biziň arzymyz, (dünýä) gaýtarylsak we Perwerdigärimiziň, aýatlaryna ýalan diýmän, möminlerden bolsak" diýenlerini görsediňiz.

28-29. Ýok, (imana gelmeýärler. Diňe häzir) olara ozal ýaşyryp ýören närseleri äşgär bolup galdy, bolany. Eger (dünýä) gaýtarylsalar, şübhesiz, özleri gadagan edilen işlere gaýdýarlar - elbetde, olar ýalançylardyr - we: "Ýaşaýyş diňe dünýädäki ýaşaýyşymyzdyr. Biz hiç haçan (täzeden) diriliji däldiris" diýýärler.

30. Olaryň Perwerdigäriniň huzurynda duruzylan wagtlarynda, Alla: "Ine, şu diriliş hak dälmi?" diýeninde;"Perwerdigärimize kasam ki, hak eken" diýenlerini, Allanyň bolsa: "Ine, indi dinsiz bolup ötäniňiz sebäpli azap çekiň!" diýip jogap berenini görsediňiz!

31. Tä "O (dünýä)de kylan sustkeşligimize hasrat-nedamatler bolsun" diýip galýan wagtlaryna çenli, Alla ýüzbe-ýüz boljagyny ýalan diýip ýören kimseler özlerine zyýan edýärler. Nägadar ýaman närsäni arka alyp ýörýäler!

32. Bu düne ýaşaýyşy diňe (bir nepeslik) oýun-gülküdir. Alladan gorkan kişiler üçin ahyret diýary ýagşyrakdyr. Akyl ýöretmeýärsiňizmi?!

33.(Eý, Muhammet), olaryň sözleriniň sizi gamgyn edýändigini bilýäris. Emma ki, olar sizi ýalançy hasap edýärler, sebäp, bu zalymlar Allanyň aýatlaryny inkär edýärler.

34. Mälim ki, sizden owalky pygamberler hem ýalançy hasaplanypdy. Şonda tä olar Biziň ýardamymyz gelinçä, töhmetlere we azar bermelere sabyr etdiler. Allanyň ("Pygambsrimi Özüm goldaryn") diýen sözlerini özgerdip biljek bir kimse ýokdur. Size (eý, Muhammet) öten pygamberleriň käbir habarlary gelendir ahyry.

35. Eger size olaryň ýüz öwürişleri agyr degip, (sabyr edip bilmesiňiz), o halda ýerden bir deşik ýa-da asmandan bir merdiwan isläp, olara aýat-mugjyza tapyp getirmäge kadyr bolsaňyz (onda gelibsriň). Eger Alla halasa, olara dogry ýolda birleşdirerdi. Hergiz jahyllardan (biakyl, bozgak) bolmaň!

36. Elbetde, Ol Özüni diňleýänlere jogap berer we ölenlerini (kalby, ygtykady ölenleri) bolsa, Alla dirilder. Soňra Özüne gaýtarylar.

37."Oňa (ýagny, Muhammede) Perwerdigärden bir aýat-mugjyza düşsedi" diýdiler. Aýdyň: "Elbetde, Alla (olaryň isläп) aýatyny indermäge kadyrdyr". Emma olaryň köpüsi (şol gudrat-mugjyza inenden soň hem inkär etseler, nähili bela geljegini) bilmeýärler.

38. Ýerde süýrenip ýören her bir janawer, asmanda ganat kakýan her bir guş hem edil siz ýaly (Biziň gol astymyzdaky) jemallardyr. Kitapda (ýagny, takdyry - ezel) hiç bir zady galdyrman (ýazandyrys). Sonra hemmesi Perwerdigäriň dergahyna toplanarlar.

39. Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kimseler zulmatda galan kördürler, güňdürler. Alla öz isläп bendesini Dogry ýolda berkarar eder.

40. Aýdyň (eý, Muhammet): "Alladan özge ylahylar bar diýen sözüňizde rastgöý bolsaňyz, habar beriň, eger size Allanyň azaby gelse, ýa-da kyýamat kaýym bolsa, Alladan özgäni çagyrarmysyňyz?!

41. Ýok, Onuň özüne ýalbarsaňyz, onda Ol siziň çokunan zadyňyzy (bela-musybaty) açyp goýberer (dep eder). Allaga şärik hasap eden butlaryňyzy bolsa unudarsyňyz".

42.(Eý, Muhammet), mälim ki, sizden owalky halklara hem ilçiler iberipdik. (Ilçilerimizi olar ýalançy kylanlary üçin) goý, toba-tagsyr etsinler diýip, olara bela we zyýanlar ýetirdik.

43. Bizden bela ýetende hem toba-tagsyr kylmadylarmy?! (Elbetde, toba-tagsyr kylmak -lary lazymdy), emma olaryň ýürekleri doňup galypdyr we şeýtan öz edip ýören işlerini olara gözel edip görkezendir.

44. Indi özleri üçin ýatlar ýaly edip berlen zady unudan wagtlarynda, olara hemme närsäniň işiklerini açyp goýduk. Haçanda özlerine berlen zatlar üçin şat bolup durkalar, olary Biz duýdansyz tutduk. Şeýdip, bütinleý namyrat bolup galdylar.

45. Goý, ähli adamlaryň Perwerdigäri - Alla hamdy-sena (alkyş) bolsun ki, zalymlaryň dowamlary gyrkyldy (ýoly kesildi).

46. Aýdyň (eý, Muhammet): "Hany habarny beriň, eger Alla gulakla-ryňyzy we gözleriňizi çykarsa we dilleriňizi möhürläp goýsa, Alladan özge haýsy bir ylahyý ol agzalaryňyzy size gaýtaryp berer?" Serediň, Biz aýatlarymyzy nähili beýan etsek-de, barybir olar ýüz öwürýärler.

47. Aýdyň: "Habar beriň, size Allanyň azaby duýdansyz ýa-da açykdan-açyk (ýagny, gije ýa gündiz) gelse, zalym kowumdan özge bir halk ýok edilermi?!".

48. Biz pygamberleri diňe (jennet hakynda) hoşhabar eltiji we (dowzah azabyndan) gorkuzyjy bolan ýagdaýda iberýäris. Indi iman getirip, özlerini düzetseler, olara howp-hatar ýokdur we olar gamgyn bolmazlar.

49. Biziň aýatlarymyza ýalan diýen kimseler bolsa, etagatsyz bolanlary sebäpli, azaba giriftar bolarlar.

50. Aýdyň (eý, Muhammet): "Size huzurymda Allanyň hazynalary jem" hem diýemok, we gaýypdakyny hem bilemok. Ýene size: "Men perişde" hem diýemok. Men diňe özüme wahyý kylnan (inderilen) zatlara eýerýärin" (diýip). Aýdyň: "Ker bilen görýän (ýagny, ýolsuz bilen Allanyň, ýolunda ýörýän) bendeler barabar(deň) bolarmy?! Oýlanmaýarsyňyzmy?!".

51.*(Eý, Muhammet), bu wahyý bilen özleri üçin Alladan gaýry we bir dost, ne bir aklawçy bolmaýan halda Perwerdigäriniň dergahynda toplanmakdan gorkýanlary habardar ediň! Belki, günä işlerden saklanarlar?!*

52,*Gije-gündiz Perwerdigäriniň ýüzüni (razylygyny) isläp, Oňa boýun bolanlary ýanyňyzdan kowmaň! Siziň borjuňyzda olaryň hasap-kitaplarynda hiç zat ýokdur we siziň hasap-kitabyňyzda olaryň borjundan hiç zat ýokdur. Olary kowup, zalymlardan bolup galmaň!*

53.*"Biziň aramyzdan ana şolara engam berildimi? diýmekleri üçin olaryň birewlerini birewleri bilen, ine, şeýle synap gördük. Eýsem, şükür edijileri Alla ýagşyrak biliji dälmi?!*

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky iki aýatyň hasyl boluşy aşakdaky ýaly düşündirilýär. Mälim ki, pygamber alaýhy-s-salama iman getirip, etagat eden (boýun synan) bendeleriň köpüsi garyp biçärelerdi. Olar gije-gündiz çyn ýürekden Alla ybadat edýärdiler. Muny gören Mekgäniň emeldarlary pygamber alaýhy-s-salama: "Eger ine, şu aýakýalaňaçlary ýanyňdan kowan bolsaň, biz saňa eýererdik" diýýärler. Şonda pygamberiň göwni bölünmezligi üçin ýokardaky: "Olary kowup, zalymlardan bolup galmaň"! diýen keleme bilen soňlanan aýat hasyl bolýar. Soň bolsa müşrikler: "Eger Muhammediň ýoly hak bolanda, şol ýola biz hem girerdik, çünki, Taňry hiç haçan biz ýaly döwletli baýlary goýup, ol aýakýalaňaçlara dogry ýoly engam etmezdi" diýip dawa edýärler. Gurhan bu halaty baýlary garyplar bilen synap görmek diýip atlandyrýar.

54. Haçan siziň alnyňyza Biziň aýatlarymyza iman getirenler gelseler:

"Size dynçlyk bolsun, Perwerdigäriňiz Öz borjuna rahmet etmegi ýazandyr. Sizden kim bilmezden bir ýamanlyk (günä) etse, soňra şol ýamanlygynyň yzyndan toba edip, özüni düzetse, onda, (günäci geçirilýär), elbetde, (Alla) Özi magrypatly mähribandyr" diýip aýdyň.

55.(Hakyky möminleriň mälim bolmagy) we jenaýatçy kimseleriň ýolunyň äşgär bolmagy üçin aýatlarymyzy, ine, şeýle düşündirýäris.

56. Aýdyň: "Men Alladan özge - siziň çokunýan butlaryňyza bendelik etmekden gaýtaryldym" (gadagan edildi). Aýdyň: "Siziň howaýy nebisleriňize eýermerin. Onda ýoldan azyp, ýardam tapmaýanlardan bolup galaryn".

57. Aýdyň: "Men Perwerdigärim tarapyndan (Onuň ýalňyzdygyna) anyk delile eýe. Siz bolsa, ony ýalan diýýäňiz. Sizi howlukdyrýan zat (ýagny, Allanyň azaby) meniň elimde däl. Höküm etmek diňe Allanyň Özüne mahsusdyr. Ol dogry höküm çykarýar. Ol (hak bilen nähaky) parhlandyryjylaryň iň ýagşysydyr".

58. Aýdyň: "Eger siziň howlugýan zadyňyz meniň elimde bolsady, elbetde, siz bilen aramyzdaky iş tamam bolardy" (ýagny, tiz azaba duçar bolardyňyz). Alla zalymlary örän gowy bilijidir.

59. Gaýyp açarlar diňe Onuň Özünde bolup, olary täk özi bilýär. Ol gury ýerdäki we deňizlerdäki bar zady bilýär. Islendik ýapragyň (şahasyndan üzülip) düşmegi, Onuň eradasy bilendir. We ýeriň astynda ýatan däne, ölu-gury näme bolsa, elbetde, açyk kitapda (ýagny, Allanyň ezel ylmynda) bardyr.

60. Ol gijesine "janyňyzy alýan" (ýagny, ukladýan), gündizine eden işiňizi bilýän beýik zatdyr. Soňra aýdylan ajal (ýaşaýyş üçin berlen möhlet) tamam bolmagy üçin onda (ýagny, gündiz) sizi "dirildýär".

Soň Özüne dolanjaksyňyz. Soňra size eden amallaryňyzyň habaryny berer.

61. Ol bendeleriniň üstünden ýeňiş gazanyjydyr. Üstüňize (eden amallaryňyzy ýatlap) jan alyjy perişdeleri ilçi edip iberer. Haçan biriňize ölüm gelse, ilçilerimiz haýal etmän onuň janyny alarlar.

62. Soňra (bendeler) hakyky eýelerine - Allaga gaýtarylar. Ägä boluň ki, höküm kylmak Onuň Özüne hasdyr we Ol juda tiz hasap-kitap edijidir.

63. Aýdyň (Eý, Muhammet); "Kasam ki, eger bize, ine, şu (belalardan) najat berse, elbetde, şükür edijilerden bolarys" diýip, äşgäre we gizlin toba-tagsyr kylanyňyzda, çokunan wagtyňyzda size gury ýer we deňiz belalaryndan kim najat berer?" (diýip).

64. Aýdyň: "Allanyň Özi size ol belalardan we barça gamlardan najat berer. Soňra siz ýene çirk getirersiňiz!"

65. Aýdyň: "Ol siziň üstüňizden ýa aýaklaryňyzyň astyndan azap ibermäge ýa-da sizi topar-topar edip, (jeňňi-jedellerde) birewleriňize birewleriňiziň gazabyny artdyryp goýmaga kadyrdyr". Görüň, aňlaryna ýetermikän diýip, aýatlarymyzy nähili beýan edýäris.

66-67. Kowumyňyz ony (ýagny, Gurhany) hak bolsa-da, ýalan diýdi. Olara aýdyň: "Men üstüňizde wekil-goragçy däldirin. Her bir habaryň öz orny bar. Ýakynda bilersiňiz".

68. Haçan Biziň aýatlarymyzy (masgara etmäge) girişen kimseleri görseňiz, tä başga gepe girişýänçäler, olardan ýüz öwrüň! Indi eger, şeýtan ýadyňyzdan çykarsa, ýatlanyňyzdan soň, bu zalym kowum bilen bile oturmaň!

69. Takwalar boýnunda ol kowumyň hasap-kitabyndan hiç zat ýok, emma olaryň (aýatlarymyzy masgara etmekden) saklanmaklary üçin ýatladyp goýmak lazymdyr.

70. Dinlerini oýun-henege öwren, dünýäniň alyna aldanan kimseleri terk ediň! We ony (ýagny, Gurhany adamlara) ýatladyp goýuň! Tä ki bir jan özi üçin Alladan özge bir dost hem, bir aklawçy hem bolmaýan, eger bir zady berse hem - ondan kabul kylynmaýan halda heläkete taşlanmasyn. Eden amallary sebäpli (Allanyň azabyna) sezewar edilen, ana, şol kimseler üçin gaýnag suwdan ybarat içimlik we dinsiz bolanlary sebäpli ýowuz jeza bardyr.

71-72. Aýdyň: "Alladan özge bize peýda hem, zyýan hem getirmeýän zatlara çokundyňyzmy we Alla bize ýardam edenden soň, göýä şeýtan kakyp, lal-haýran halda (nämälim) ýere alnyp gidilip barylýan we dostlary "Gel" diýip, dogry ýola çagyrýan kimsä meňzäp, ýene yzymyza gaýdalyňmy?" Aýdyň: "Allanyň ýoly, hakykatdanam, iň hak ýoldur. Biziň ählimiz Perwerdigäre boýun synmaga, namazy doly berjaý etmäge we Alladan gorkmaga emr edilendiris. Kyýamat gününde hemmeler Onuň huzuryna toplanýandyr".

73. Ol: "Bol!" diýen güni (ähli zat peýda) bolar. Onuň sözi hakdyr.

Sur çalynýan (ýagny, kyýamat kaýym bolýan) günde häkimlik diňe Onuňkydyr. Ol gaýyp we şahadaty (ýagny, ýaşyryn we äşgär zatlary) bilijidir. Ol hikmet sahyby barça zatdan habardardyr.

74. Ýatlaň (eý, Muhammet), Ybraýym atasy Azara: "Butlary hudaý hasaplajakmy?! Görýän welin, sen hem, seniň kowumyň hem görnetin azaşýarlar" diýipdi.

75. Şeýdip Biz Ybraýyma anyk ynanýanlardan bolmak üçin asmanlary, Ýerdäki ýurtlary görkezendiris.

76. Haçanda ony tümlük gaplap alanda, ýyldyzy görüp: "Ine, şu. Perwerdigärim" diýdi. Ol batyp gidenden soň: "Batyp gidýänleri söýmeýärin" diýdi.

77. Haçanda dogup gelýän Aýy görenden soň: "Ine, şu Perwerdigärim" diýdi. Ol hem batyp gidenden soň: "Kasam ki, eger Perwerdigärimiň Özi meni dogry ýola düşürmese, ýoldan azan kowumlardan bolup galaryn" diýdi.

78. Haçanda dogup gelýän Güni görende: "Ine, şu Perwerdigärim, ine, şu ulurak" diýdi. Ol hem batyp gidenden soň: "Eý, kowumym, men siziň köphudaýlylygyňyzdan päk men.

79. Hak ýola maýyl bolan halymda asmanlary we Ýeri ýaradana ýüzümi tutdum we men müşriklerden (köphudaýlylardan) däldirin" diýdi.

80. Kowumy onuň bilen jedelleşip başlanda: "Meniň bilen Alla meselesinde jedel- leşýäňizmi?! Ahyr (Onuň Özi) meni dogry ýola düşürdi. Men siziň Allaga şärik eden butlaryňyzdan gorkmaýaryn (çünki, ol butlar hiç hili zelel ýetirip bilmez), meger, Perwerdigärimiň islän zady bolar. Perwerdigärim barça zady Öz ylmy bilen gurşap alandyr. Ýatlap, görelde almaýarsyňyzmy? - diýdi.

> *81.- Siz Allanyň bir hüjjet (delil) düşürmedik butlaryny Allaga şärik etmekdek gorkmaýarsyňyz, Allaga şärik eden butlaryňyzdan men nämüçin gorkaýyn?! Eger, bilseňiz (aýdyň), haýsy tarap gorkman, hatyrjem bolmaga haklyrak?".*

82. Iman getiren, öz imanlaryny zulum çirki bilen goşmadyklar, ana, şolar hatyrjem bolujylardyr we şolar hidaýat (medet) tapyjylardyr.

83. Ine, şular Ybraýyma beren hüjjetlerimizdir (kepillerimizdir), Biz Özümiz islän kişilerimizi (ine, şeýle belent) derejelere götereris. Elbetde, Perwerdigäriňiz hikmet eýesi we bilijidir.

84. Oňa (Ybraýyma) Ishaky we Ýakuby (perzentlerini) hadýa (sowgat) etdik. Bularyň barçalaryny dogry ýola düşürdik. Owal Nuhy hem rast ýola düşüripdik. Onuň neslinden - Dawud, Süleýman, Eýub, Ýusup, Musa we Haruny (hem dogry ýola düşürdik - hidaýat etdik). Ýagşy amal edijileri, ine, şeýle hormatlaýarys.

85. Zakariýa, Ýahýa, Isa we Ylýasy (hem hidaýat etdik). Barçalary salyh bendelerdir.

86. Ysmaýyl, al Ýasa (Ýuwşa pygamber), Ýunus we Luty (hem hidaýat etdik) we barçalaryny bütin älemlerden ýokary göterdik.

87. Olaryň ata-babalaryndan, nesillerinden we doganlaryndan (köpüsini hem afzal kyldyk, ýokary göterdik). Hem-de olary saýlap, Dogry Ýola düşürdik.

88. Bu Allanyň ýoly bolup, Öz söýen bendelerini bu ýola düşürýär. Eger olar könhudaýly bolan bolsalar, kylan amallary bihuda giderdi.

89. Ana, şolara Kitap, Hikmet we pygamberlik berdik. Indi eger bu aýatlary olar (ýagny, Mekge müşrikleri) inkär etseler. Biz bu aýatlary inkär etmeýän kowum (ýagny, mömin-musulmanlar) üçin taýýarlap goýandyrys.

90. Ana, şol (ýokarda ady agzalanlar) Allanyň, Öz dogry ýoluny görkezen kişileridir. Indi şolaryň ýollaryna eýeriň! Aýdyň (eý, Muhammet): "Men sizden munuň üçin (ýagny, Gurhan üçin) hak soramaýaryn. Bu (Gurhan) ähli adamlar üçin ýatlatmadyr (hüjjetdir) bolany!

91.*(Ýahudylar): "Alla adama hiç zat hasyl ztmändir" diýen wagtlarynda Allany dogry tanamadylar. Aýdyň: "Adamlar üçin nur we ýol görkeziji edip Musanyň getiren, siziň göçüren, (käbir aýatlaryny) görkezip, (Muhammet pygamber hakyndaky) köp aýatlary bolsa ýaşyryp ýörýän, özüňiziň hem ata-babalaryňyzyň hem*

bilen zatlary beýan edilen Kitaby (Töwrady) kim inderipdi?! "Alladyr!" diýip jogap beriň. Soňra olary özleriniň gark bolan nädogry ýollarynda azaşan ýagdaýlarynda terk ediň!

92. Bu (Gurhan) özünden öňki kitaplary tassyklaýan, ähli obaşäherleriň merkezi bolan (Mekge) hem-de onuň töweregindäki adamlary (ahyret azabyndan) gorkuzmagyňyz üçin Özümiziň inderen bir mübärek Kitabymyzdyr. Ahyrete ynanýan kişiler Oňa hem iman getirýärler we olar namazlaryny öz wagtynda berjaý edýärler.

93. Allanyň, şanyna ýalan toslan ýa-da özüne hiç zat wahyý edilmedik halda: "Maňa wahyý geldi" diýýän hem-de "Allanyň inderen zadyna meňzeş zady men hem hasyl ederin" diýip dawa edýän kimselerden hem zalymrak kim bar?! (Eý, Muhammet), bu zalymlary ölüm girdabynda galan, ölüm perişdeleriniň ellerini uzadyp: "Janyňyzy beriň! Bu gün Allanyň şanyna ýalan sözleri aýdanyňyz we Onuň aýatlaryndan ýüz öwrüp, günä gazananaňyz sebäpli, agyr azap bilen jezalandyrylýan günüňizdir" diýip duran wagtda hem bir görsediňiz.

94. Ine, Biziň huzurymyza sizi owal-başda nähili ýaradan bolsak, şonuň ýaly ýalňyz halda geldiňiz. Size beren zatlarymyzy yzyňyzda galdyrypsyňyz. Siziň bilen bile Allaga şärik diýip güman eden-aklawçylaryňyzy hem görmeýäris. Aralaryňyz üzülipdir. Ynanyp ýören zadyňyz - butlaryňyz hem ýok.

95. Elbetde, Alla däneleri we şänikleri ýaryp, öndürijidir. Ol ölüden dirini, diriden ölini çykaryjydyr. Ine, ol - Alladyr. Indi nirä öwrülip barýarsyňyz?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ulamalaryň aýtmagyna görä, bu aýat gaýtadan dirilmek ahyret barlygyna delildir. Olar ulamalar: "Jansyz nuftadan (sperma) ýa-da tohumdan ynsany we başga-da jandarlary çykarypdyr. Ynsany,

jandarlary, şol jansyz zatlary çykaran Alla, şübhesiz, topraga öwrulen jesetleri hem gaýtadai diriltmäge kadyrdyr" diýýärler.

96. Ol (zulmaty ýaryp) daň atyryjydyr. Ol gijäni şowhunsyz (aram) edip goýdy. Güni hem Aýy bolsa, hasap ölçegi etdi. Bu beýik bilimli Allanyň ölçegidir.

97. Ol gury ýer we deňiz tümlüginde ýol tapmagyňyz üçin size ýyldyzlary ýaradyp goýdy. Bilýän kowum üçin aýatlary ýerbe-ýer beýan etdik.

98. Ol sizi bir jandan peýda edendir. Indi siziň üçin ene garny karargäh, (ata puşty) amanat duran jaýdyr. Aňlaýan kowum üçin aýatlary ýerbe-ýer beýan etdik.

99. Ol asmandan suw inderýär. Suwuň kömegi bilen her dürli nebatlary (ösümlikleri) -çykardyk. Ondan bolsa giýahlary (gök ösümlikleri) çykardyk. Ondan bolsa hatar-hatar bolan däneleri (ýagny, başlary) çykarýarys. Hurma agajynyň hoşalary aşak egilýär. Ýene üzümlerden, zeýtun we enardan biri-birine meňzeýän we meňzemeýän baglary çykarýarys. (Eý, ynsanlar), olaryň her biriniň hasyla duran wagty miwesine we soň bişen ýagdaýyna serediň! Elbetde, munda iman getiren kowum üçin aýat-mugjyzalar jemlenendir.

100. Allaga jynlaryny şärik kyldylar (ýagny, jynlaryny hem hudaý hasap etdiler). Ýogsam olary Allanyň Özi ýaradypdy. Ýene Onuň üçin bilmeýän ýagdaýlarynda ogul-gyzlar "ýasap" goýdular. Ol bolsa, bularyň ýöňkeýän zatlaryndan päkdir we beýikdir.

101. Ol asmanlary we Ýeri peýda edijidir. Onuň jübüti ýokdur, balasy nireden bolsun?! Ol hemme zady ýaratdy we Özi ähli zady bilijidir.

102. Ana, şol - Perwerdigäriňiz bolan Alladyr. Hiç ylah (hiç bir taňry) ýok, diňe Onuň Özi bardyr. Ol hemme zady ýaradyjydyr. Indi Oňa

bendelik kylyň! Ol hemme zadyň üstündäki wekil - gözegçilik edijidir.

103. Gözler oňa ýetip bilmez, Onuň nazary ýetýändir! Ol mähribandyr we (her zatdan) ägädir.

104. Size Perwerdigäriňizden kepiller gelendir. Kim olary görse, özi üçin görer. Kim (görmezlige salyp) kör bolan bolsa, özüne zyýandyr. Men siz üçin goragçy däldirin!

105.(Dinsizleriň): "Owalky kitaplardan öwrenensiň" diýmezlikleri üçin we bilýän kowuma röwşen edip bermek üçin - aýatlarymyzy, ine, şeýle beýan edýäris.

106.(Eý, Muhammet), Perwerdigäriňizden size wahyý edilen zatlara eýeriň! Hiç ylah, ýok, meger, Onuň Özi bardyr. Köphudaýlylardan ýüz öwrüň!

107. Eger Alla islän bolsa, köphudaýly bolman bilerdiler. Biz Sizi olaryň üstünde goragçy edip goýan däldiris. Siz olaryň üstünden wekil hem dälsiňiz.

108. Alladan özgä sygynan kimselere (olaryň butlaryna) sögmäň! Ýogsa olar hetlerinden aşyp, duşmançylyk zerarly, bilmän Alla-da sögerler. Her bir millete öz edýän amallaryny örän gözel edip görkezip goýandyrys. Soňra Perwerdigärine dolanjakdyrlar. Soň Ol eden amallarynyň habaryny berer.

109."Eger bir aýat - mugjyza gelse, elbetde, iman getireris" diýip, jan-dilleri bilen Allanyň adyna kasam içdiler. Aýdyň: "Aýatlar diňe Allanyň huzuryndadyr". Belki, aýat gelen wagtda hem iman getirmezler, nireden bilersiňiz?

110. We edil owal-başda iman getirmedikleri ýaly köňüllerini we gözlerini öwrüp (küfr tarapa) goýarys we öz ýalňyşlyklary bilen köre-kör azaşyp ýörer ýaly ederis.

111. Eger Biz olara perişdeleri indersek hem, (ölenler dirilip gabyrlaryndan çykyp) ýanlaryna gelseler hem, ähli zady, ili-güni olaryň öňlerinde açyk-aýan toplasak hem iman getirmezler, meger, diňe Alla islese (iman getirerler). Ýöne olaryň köpüsi muny bilmeýärler.

112. Şeýlelikde, her bir pygamber üçin ynsandan ýa jyndan bolan şeýtanlary duşman edip goýduk. Olar bir-birlerini aldamak üçin şelaýyn sözler bilen was-was edýärler. Eger Perwerdigäriňiz islese, olar beýle etmänem bilerdi. Olary töhmetleri, gybatlary bilen bile terk ediň!

113. Beýle sözlere ahyrete ynanmaýan kimseleriň ýürekleri maýyl bolýan bolsa, şol sözlerden kaýyl bolýan bolsalar, goý, öz gazanan zatlary (günäleri) özlerine bolsun.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Mekge müşrikleri pygamber alaýhy-s-salama özüniň pygamberdigini subut etmek üçin ýahudylardan ws nasranylardan emin saýlamagy teklip edenlerinde, aşakdaky aýat hasyl bolupdyr.

114.(Eý, Muhammet, olara aýdyň,): "Alladan özgäni emin tutaýynmy?! Onuň özi size bu kitaby (Gurhany) inderdi ahyryn!" Biziň kitap berei kimselerimiz (ýahudylar we nasranylar) onuň (Gurhanyň) hak-rast hasyl edilendigini bilýärler, Hergiz güman edijilerden bolmaň!

115. Perwerdigäriňiziň sözleri sydku-adalatda kemal boldy. Onuň sözlerini üýtgediji ýokdur. Ol eşidiji we bilijidir.

116. Ýer ýüzündäki adamlaryň köpüsiniň sözüne ynansaňyz, sizi Allanyň ýolundan azdyrarlar. (Aslynda) olar diňe gümanlaryna eýerýärler we nädogry pikirlenýärler.

117. Elbetde, Perwerdigäriňiz Özüniň ýolundan azaşan kimseleri örän ýagşy bilijidir we Ol hak ýolda ýörenleri hem örän ýagşy bilijidir.

118. Eger Allanyň aýatlaryna iman getirýän bolsaňyz, Allanyň ady zikr edilen zatlardan (ýagny, Allanyň, ady aýdylyp soýlan haýwanlaryň etinden)iýiberiň.

119. Allanyň ady zikr edilen zatlardan näme üçin iýmersiňiz?! Ol size haram edilenleri aýryp berdi ahyryn! Meger, (açlykdan) öljek bolup galan ýagdaýyňyzda (iýmek mümkin). Şübhesiz, köp kişiler öz nebsi-höwesleri bilen düşünmän (özlerini we başga- lary) ýoldan azdyrýarlar. Elbetde, Perwerdigäriňiz beýle açgöz kişileri ýagşy tanaýar.

120. Günäniň açygyny hem ýaşyrynyny hem terk ediň! Elbetde, günä edýän kimseler öz eden günäleri üçin jeza alarlar.

121. Allanyň ady zikr edilmedik zatlardan iýmäň! Bu iş düýbünden etagatsyzlykdyr. Elbetde, şeýtanlar dostlaryny (müşrikleri) siziň bilen jenjelleşer ýaly was-wasa salýarlar. Eger olara boýun synsaňyz, hiç şek-şübhesiz, müşriklerden bolup galarsyňyz.

122. Eýsem, owal ölen bir (dinsiz) adamy (dine getirmek üçin) dirildip, nury-iman berip, adamlaryň arasyna ibersek, ol zulmatda galyp, ondan çykyp bilmän ýörene meňzärmi?! (Möminlere imanlary nähili gözel görünse), kapyrlara hem eden amallary şonuň ýaly gözel edip görkezip goýuldy.

123.(Edil Mekgs emeldarlaryny pasyk we etagatsyz kimseler edişimiz ýaly) her bir obada şol ýeriň uluglaryny hile-mekirlikli jenaýatçylar edip goýduk. Olar diňe özlerini aldaýarlar, emma özleri duýmaýarlar.

124. Haçan olara (Muhammediň hak pygamberdigi hakynda) bir aýat gelse: "Tä bize hem Allanyň resulyna berlen aýatlara meňzeş aýatlar berilmeýänçä, hergiz iman getirmeris" diýýärler. Alla pygamberlik hormatyny nirä goýjagyny (kime tabşyrjagany) ýagşyrak bilýändir.

Ýakynda beýle jenaýatkärlere edip geçen hile-mekirleri sebäpli, Allanyň huzurynda horluk we gaty azap ýetjekdir.

125. Alla kime nazar etmek islese, onuň göwnüni yslam üçin giň edip goýar. Kimi azaşdyrmak islese, onuň köňlüni edil asmana göterilip gidip barýan ýaly dar we gysby edip goýar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam ulamalary bu aýata Gurhanyň asmandan inendiginiň delilleriniň biri diýip seredýärler. Şol döwürde Mekge we onuň töweregi çöl-sähralyk bolup, ol ýerlerde belent daglar ýokdur. Bu aýatda bolsa adamyň asmana göterilýän wagtynda damarlaryň daralyp, ýüregiň gysby bolşy, ýagny, dem almagyň kynlaşýandygy aýdyljak bolunýar. Asmana göterildiksaýyn howanyň seýrekleşip, dem almagyň kynlaşýandy-gyny bilmek üçin bolsa,, ýa belent daga çykyp görmek, ýa-da belentde uçup görmek gerek. Mekge diýarynda bolsa, bu iki mümkinçilik hem ýokdy. Diýmek, bu aýatlar diňe ýeriň däl, asmanlaryň hem syr-esraryndan habardar bolan beýik gudrat tarapyndan gelen diýildigidir.

126. Ine, şu Perwerdigäriňiziň Dogry Ýoludyr. Zikr ediji kowum üçin Biz aýatlary dogry düşündirdik.

127. Olar üçin Perwerdigäriniň huzurynda dar-s-salam, dynçlyk diýary (jennet) bardyr. Ol (Alla) edip geçen ýagşy amallary sebäpli olaryň dostudyr.

128.(Eý, Muhammet, ýatlaň: Alla) olaryň ählisini toplajak gününde: "Eý, jynlar üýşmegi! Adamlaryň juda köpüsini azaşdyrdyňyz!" diýer. Şonda bu jynlaryň ynsan dostlary: "Perwerdigär-ä, biz biri-birimizden peýdalandyk we Siziň biz üçin belgiläp goýan ajalymyza ýetip geldik" diýenlerinde, Alla aýdýar: "Jaýyňyz dowzahdyr!Onda ebedilik galarsyňyz, meger, diňe Allanyň islegi bilen (çykmagy-ňyz mümkin)". Elbetde, Perwerdigäriňiz hikmet we bilim sahybydyr.

129. Şeýdip, günä iş edýänleri biri-biri bilen dost edip goýýarys.

130. Eý, jynlar we olara tirkeşen yns üýşmegi! Size özüňizden bolan pygamberleriňiz Meniň aýatlarymy aýdyp, ine, şu (düşen, ýagny, kyýamat) günüňizden gorkuzmak üçin gelmedilermi?! (ibermedikmi?!) Olar: Güwämiz özümiziň zyýanymyza" (ýagny, şol pygamberler geldi) diýdiler. Olary dünýäniň höwesi aldady we kapyr bolandyklary hakynda özleriniň garşysyna güwälik berdiler.

131. Munuň (ýagny, owal pygamberler iberip ägä etmeginiň) sebäbi, Perwerdigäriňiziň ilaty gapyl bolan oba-şäherleri zulum bilen heläk ediji däldigidir.

132. Her kime eden amalynyň derejesinde (sogap) bardyr. Perwerdigäriňiz olaryň edýän amallaryndan gapyl däldir.

133. Perwerdigäriňiz zada zar däldir, rehim eýesidir.(Eý, zalymlar), eger islese, sizi ýok edip, deregiňize, sizi başga kowumdan edip ýaradyşy ýaly, Öz islän halkyny halypa eder.

134. Elbetde, size wada berlen zat (gaýtadan dirilmek, ahyret, kyýamat güni) hiç şeksiz-şübhesiz gelýändir. Siz (Allany) ejizledip bilmersiňiz!

135. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Eý, Ymmat! Ýeriňizden gozganman (ýagny, küfrüňizden gaýtman) amallaryňyzy ediberiň. Men hem (Perwerdigäriň buýran) amalyny berjaý edijidirin. Ýene ýakynda ahyret diýaryndaky akybetiň kimiň peýdasyna boljagyny bilersiňiz". Şübhesiz, zalym kimseler najat (peýda) tapmazlar.

136.(Müşrikler - köphudaýlylar) Alla üçin Onuň Özüniň ýaradan ekinlerinden we mallaryndan bir ülüş aýryp, özleriçe: "Bu Alla üçin bu (galany) bolsa, butlarymyz üçin" diýdiler. Indi butlary üçin bolan ülüş Alla (ülüşine) goşulmaýar. Alla üçin bolan ülüş bolsa, butlaryna goşulyberýär. (Olar ýalan sözleýärler) nägadar ýaman höküm çykarýarlar!

137. Şeýdip, şeýtanlary müşrikleri heläk etmek üçin we dinlerini ýalňyşdyrmak üçin olaryň köpüsine öz çagalaryny öldürmegi zynatly edip görkezdi. Eger Alla islän bolsa (Allanyň ýolunda ýören bolsalar), bu işi etmezdiler. Indi olary töhmet-ýalanlary bilen bile terk ediň!

138. Olar özleriçe: "Ine, bu haýwanlar we ekinler haram, olary diňe biziň islän adamlarymyz (ýagny, buthana hyzmatçylary we är kişiler) iýýärler. Bu haýwanlary bolsa münmek haram" diýdiler. Olar mal (soýanda), Allanyň adyny zikr etmeýärler, (belki, butlarynyň atlaryny aýdýarlar, we, ine, şu etmişlerini Allanyň emri diýip) Oňa (Alla) töhmet edýärler. Ýakynda bu töhmet sebäpli, olara Özi jeza berer. Elbetde, Ol hikmet we bilim sahybydyr.

139. Olar: "Ine, bu mallaryň garnyndaky zatlar diňe erkekler üçindir, hatynlarymyza bolsa haramdyr" diýdiler. Eger ol zat (göwredäki hamyla) öli bolsa, ol ýagdaýda hemmesi şärikdirler (ýagny, haram diýip) sypatlandyrany üçin olara Özi jeza berer. Elbetde, Ol hikmet we bilim eýesidir.

140. Akylsyzlyk edip, zalymlyk bilen öz balalaryny öldüren we Allaga töhmet edip, Allanyň beren ryskyny haram eden kimseler hökman (özlerine) zyýan etdiler. Olar anyk azaşdylar we Dogry Ýola baryjy bolmadylar.

141. Ol göterilýän we göterilmeýän baglary, hurmazarlary we miweleri hilme-hil bolan ekinleri, (ýapraklary) biri-birine meňzeýän we (miweleri bolsa) meňzemeýän zeýtuny we narlary ýaradandyr. Miwelände, miwesinden iýiň, hasylyny ýygýan günüňizde (biçäre-misginlere) hakyny beriň we isrip etmäň! Elbetde, ol isrip edýänleri söýmeýär.

142. Ýük daşamak üçin mallary we (soýmak üçin) niýetlenen mallary ýaratdy. Allanyň size rysk edip beren nygmatlaryndan iýiň we (öz ýanyňyzdan haram, halal diýip) şeýtanyň alyna eýermäň! Elbetde, ol size açyk duşmandyr.

143. Sekiz jübüti (ýaratdy). Goýundan ikisini (ýagny, goçy hem ene goýny), geçiden ikisini (ýaratdy). (Özleriçe haram hasap edýän müşriklere aýdyň: "Ol (Alla) bu haýwan -lardan iki erkegini haram edipmi ýa iki urkaçysynymy ýa-da iki urkaçysynyň ýatgysynda bolan göwräni?! Eger rastgöý bolsaňyz, islendik bir hüjjet bilen maňa habar beriň-dä?!".

144. Düýeden ikisini, gara maldan ikisini (ýaratdy). Aýdyň: "Iki erkegini haram edipmi ýa-da iki urkaçysyny, ýa-da iki urkaçynyň ýatgysyndaky bolan göwränimi?! Ýa-da Alla şu zatlary (haram etmegi) buýran wagtynda, siz şaýat bolduňyzmy?" Bilmän, adamlary ýoldan azdyrmak üçin Allanyň şanyna ýalan ýöňkän kimseden hem zalymrak kim bar?! Elbetde, Alla zalym ymmata hidaýat etmez.

145. Aýdyň: "Maňa wahyý kylnan Gurhanda iýýän adam üçin haram edilen zady görmeýärin. Meger, haram ölen ýa-da dökülen gan ýa-da doňuz eti bolsa, - ol haramdyr - ýa hut Alla ady bilen soýulmadyk bolsa. Bes, kim, azgyn ýa-da jenaýatkär bolmadyk adam mätäç bolup galsa (meselem, açlykdan ölmezlik üçin nalaç iýse-de günäkär bolmaz). Perwerdigäriňiz günä geçiji, mähribandyr.

146. Ýahudy bolan kimselere ähli toýnaklylary haram etdik. Olar üçin sygryň, goýnuň ýaglaryny haram etdik. Meger, diňe örküçdäki ýa-da iç ýaglary ýa-da süňke ýelmeşen ýaglar haram däldir. Zalymlyklary sebäpli,Biz olary şeýle jezalandyrdyk. Biz rast sözleýjidiris!

147. Indi eger seni ýalançy hasap etseler, aýdyň: "Perwerdigärimiziň mähribanlygy çäksizdir, emma bir günäkär kowumdan Onuň azaby gaýtarylmaz".

148. Häli müşrik bolan kimseler: "Eger Alla islän bolsa, biz hem, ata-babalarymyz hem köphudaýly bolmazdy we hiç zat haram edilmezdi" diýdiler. Olardan owalkylar hem tä Biziň gazabymyza duçar bolmaýan-çalar şeýle ýalan sözlediler. Aýdyň (eý, Muhammet): "Sizde bize görkezer ýaly, (aýdan sözleriňizi tassyklaýjy) bir delil barmy? Siz diňe gümana eýerýärsiňiz, siz diňe ýalan sözleýärsiňiz!" (diýip).

149. Aýdyň: "Degerli delil diňe Allanyň delilidir. Eger islän bolsa, size hem nazar salardy".

150. Aýdyň: "Alla, ine, şu (ýaradan zatlaryny) haram edilen diýip güwälik berýän şaýatlaryňyzy getiriň!" Indi olar güwälik berseler hem, siz olar bilen (olara goşulyp) güwälik bermäň (ýagny, olaryň beren güwäliklerine ynanmaň)! We Biziň aýatlarymyza ýalan diýen, ahyrete iman getirmeýän kimseleriň nebsi-howalaryna eýermäň! Olar Perwerdigärine (özlerini) deňleşdirýärler.

151. Aýdyň: "Geliň, Perwerdigäriňiziň size haram eden närselerini sanap bereýin. Oňa bir zady hem şärik etmäň: ata-eneňize ýagşylyk ediň, balalaryňyzy kemmagallykdan (gorkup) öldürmäň - Biz sizi hem, olary hem rysklandyrarys - bozuk işleriň äşgärine hem, gizlinine hem ýakynlaşmaň, Allanyň öldürmegi gadagan eden janlaryny (adamlary) öldürmäň, meger, hak bilen (ýagny, hakykat üçin öldürmegiňiz mümkin). Hökman akyl ýetirersiňiz diýip, sizi, ine, şu zatlara buýurdy.

152. Ýetimiň malyna, tä öý-öwzara ýetinçä, diňe iň ýagşy ýol bilen-ýakynlaşyň! Ölçegi we terezini ynsap bilen dogry çekiň! Biz

hiç bir jana gereginden artyk zat ýüklemeýäris. Sözläniňizde, (güwälik bereniňize) eger garyndaşyňyz hem bolsa, adalatly boluň! Allaga beren ähtiňize wepa kylyň! Hökman nesihat alarsyňyz diýip, sizi, ine, şu işlere buýurdy.

153. Elbetde, ine, şu Meniň Dogry ýolumdyr! Ine, şu ýola eýeriň! Başga ýollara (tabyn bolmaň) eýermäň, olar sizi Hakyň ýolundan üzüp goýar. Hökman takwalyk kylarsyňyz diýip, sizi, ine, şu zatlara buýurdy.

154. Ýene (bilip goýuň) kemally amal edenlere nygmatymyzy kämil edip bermek we barça zady anyk beýan etmek üçin hem-de hidaýat we rahmet bolsun diýip, hökman (Ysraýyl kowumy) Perwerdigärine ýüzbe-ýüz boljagyna iman getirseler diýip, Musaga Kitap (Töwrat) inderdik.

155. Ine, bu bolsa Biziň inderenimiz - mübärek Gurhandyr. Indi oňa eýeriň we Alladan gorkuň! Belki, rahmete duçar bolarsyňyz.

156-157. "Bizden owalky iki taýpa kitap inderilen, biz bolsa olaryň sapaklaryny öwrenmekden gapyl" diýmezligiňiz üçin ýa-da "Eger bize kitap inderilen bolsa, olardan dogrurak ýolda bolardyk" diýmezligiňiz üçin (size bu Gurhany inderdik). Indi size Perwerdigäriňizden hüjjet, hidaýat we rahmet geldi. Bes, Allanyň aýatlaryny ýalan diýen we olardan ýüz öwren kimseden hem günäkärräk kim bar?! Ýakynda aýatlarymyzdan ýüz öwrüji bolanlary sebäpli, ýaman azap bilen jezalandyrarys.

158. Olar diňe ölüm perişdeleriniň gelşine ýa-da Perwerdigäriňiziň (bir azabynyň) gelşine, ýa-da Perwerdigäriňiziň aýatlaryndaky – kyýamat alamatlarynyň käbiriniň gelşine garaşýandyrlar. Perwerdigäriňiziň käbir aýatlarynyň gelen gününde bolsa, owal iman getirmedik ýa-da imanynda ýagşylygy kesp etmedik bir jana

(soň getiren) imany peýda bermez. Aýdyň: "Garaşyberiň! Biz hem garaşýanlardandyrys!".

159. Dinlerini bölüp, özleri hem toparlara bölünip giden kimseler dogrusynda bir zatda hem jogapkär däldiris. Olaryň işleri Allanyň diňe özüne mälim. Soňra olara edip geçen işleriniň habaryny berer.

160. Kim bir ýagşy amal kylsa, oňa on esse edip (dolandyrylar). Kim bir ýaman iş kylsa, diňe şonuň barabarynda jeza alar we olar (bu meselede) öýkeledilmez!

161. Aýdyň: "Meni Perwerdigärim Dogry Ýola, Rast dine, Hak ýoluna maýyl bolan Ybraýym halyfyň ýoluna saldy. Ol bolsa, müşriklerden bolmandy".

162-163. Aýdyň (eý, Muhammet): "Elbetde, namazym, ybadatlarym, ömrüm-janym, ölümim ähli älemleriň Perwerdigäri bolan Alla üçindir! Onun, hiç hili şärigi ýokdur. Ine, şoňa (ýagny, ýeke-täk Allaga yhlas-ybadat etmäge) buýrulandyryn. We boýun synyjylaryň ilkisi men".

164. Aýdyň:"Alladan özgäni Perwerdigärim diýeýinmi?! Ol barça zadyň Perwerdigäri ahyry! Her bir janyň kylan günäsi diňe öz zyýanyna bolar. Hiç bir göteriji (ýagny, günäkär jan) özge janyň ýüküni (ýagny, günäsini) götermez. Soňra Perwerdigäriňize dolanjaksyňyz. Bes, Ol 'Size dawalaşyp öten zadyňyzyň (ýagny, kyýamatyň) habaryny berer".

165. Ol sizi ýerde halypa eden, we Özüniň eda eden nygmatlary bilen sizi synag etmek üçin birewleriňizi birewleriňizden ýokarrak derejä göterendir Elbetde, Perwer- digäriňiz tiz jeza berijidir hem-de rehimlidir, mähribandyr.

7. SYRAT SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bu süre iki ýüz alty aýatdan ybarat.

Bu pygamberler hakynda doly hekaýat edýän birinji süredir. Onda Nuh, Hud, Salyh, Lut, Şuaýb we Musa pygamberleriň kyssalary beýan edilýär. Ilki şaih ul-anbiýo - pygamberleriň, aksakaly Nuh kyssasy hekaýa edilip, oňa öz kowumlary tarapyndan bolan kaýsarlyk we dawa-jenjel, uruşlar netijesinde tupan, tozan, tüweleý belasyna giriftar edilendikleri ýatlanyp geçilýär. Bu sürede hem beýleki Mekge sürelerinde bolşy ýaly, Yslamyň esasy netijesi - özeni bolan Allanyň birligi, ölmegiň, dirilmegiň we jezanyň, hakdygy hem-de wahyý we pygamberlik hakykaty barada söz açylýar. Süräniň, başynda Muhammet alaýhy-s-salama iýnen mugjyza - Gurhan hakynda sözlenip, onuň ähli ynsanet üçin beýik ylahyý nygmatdygy dünýä we ahyret bagtyna ýetmek üçin onuň ýol- ýordamlaryna we pendi-nesihatlaryna amal edip barmagyň gerekdigi düşündirilýär.

Ýene-de bu sürede Allanyň beren ylmyny maly-dünýä tapmak üçin birewlere zyýan ýetirmek ugrunda peýdalanan alymlar örän çökder garalanyp, dilleri sallanyp duran itlere meňzedilýär. We ýene-de bu sürede kyýamat günündäki ahwalat suratlandyrylýar. Ol günde adamlar üç taýpa bölünýärler:

1. Ömrüni iman we ýagşy amallar bilen geçiren adamlar - jennet;

2. Dinsiz bolup, özüne we özgelere ýamanlyk edip öten kimseler – dowzah eýeleri bolýarlar.

3. Eden ýagşylyklary bilen ýamanlyklary barabar kimseler bolsa, "Araf" eýeleri bolýarlar. "Araf" jennet bilen dowzahyň, arasyny aýryp durýan diwar bolup, üçünji topara laýyk bolan adamlar onuň üstünde - Syrat üstünde (köpri) Alla özlerini jennete ýa-da dowzaha haçan höküm ederkä diýip garaşyp durýarlar. Ine, şu ahwalatyň netijesi öz teswirini tapany üçin bu süre "Araf - Syrat" diýilip

atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen.

1. Elip, Lam, Mim, Sad.

2.*(Bu Gurhan) Size onuň ýardamynda (Allanyň azabyndan) gorkmagyňyz üçin inderilen - Kitapdyr - bes, köňlüňizde ol sebäpli şübhe bolmasyn! - we möminler üçin bir ýatlatmadyr.*

3.*(Eý, ynsanlar), Perwerdigäriňiziň size inderen zadyna (Kitaba) eýeriň, ondan özge "howandarlara" tirkeşmäň. (Siz bolsa, ondan) kemdem kem pendi-nesihat alýarsyňyz.*

4.*(Biziň emrimize boýun bolmadyk) kän obany Biz heläk etdik!– Olara gazabymyz tün ukusynda ýa-da günortan wagty geldi.*

5. Biziň azabymyz gelen wagtynda, olar birem dawa etmediler, meger, "Biz özümiz günäkär bolduk" diýdiler.

6. Indi, elbetde, pygamber iberilen kişiler bilen hem, iberilen pygamberler bilen hem sowal-jogap ederis.

7. Indi, elbetde, olara ygtybarlyk bilen (edip geçen işleri hakynda) aýdyp bereris. (sebäbi) Biz gaýyp - (ýok) däldik.

8.*(Amallary) dogry saldarlamak (çekmek) şol gün bolar. Kimiň eden amallary (terezide) agyr bolsa, ana, şolar najat taparlar.*

9. Kimiň eden amallary çekimde ýeňil gelse, Biziň aýatlarymyza (inkär etmek bilen) bigana bolandyklary sebäpli, özlerine zyýan eden kimselerdir.

10. Biziň sizi Ýerde ýaradyp, siz üçin onda dirilik enjamlaryny peýda edenimiz anykdyr. Kemden-kem şükür edýärsiňiz.

11. Anyk ki, Biz sizi ýaratdyk, soň size surat berdik, soňra perişdelere: "Adama sejde ediň" diýenimizde, olar sejde etdiler.

Diňe Iblis (şeýtan) sejde etmedi.

12.(Alla) diýdi: "Saňa buýran wagtymda, sejde etmäge näme saňa päsgel berdi?" Ol: "Men ondan (Adamdan) ýagşyrakdyryn. Meni otdan, ony bolsa palçykdan ýaratdyň" diýdi.

13.(Alla) diýdi: "Beýle bolsa, mundan (jennetden) düşgün! Seniň onuň bilen ýüzbe-ýüz bolup ýörmegiň ýerlikli däl, bar, çyk! Elbetde, : sen har bolujy- lardan bolarsyň!"

14. Ol (şeýtan): "Maňa olaryň dirilýän gününe çenli (kyýamata çenli ýaşamaga) möhlet ber" diýdi.

15.(Alla): "Saňa möhlet berildi" - diýdi.

16. Ol (Şeýtan): "Kasam ki, meni ýoldan kowanyň sebäpli, mydam seniň dogry ýoluň üstünde, olaryň garşysynda oturaryn.

17. Soňra olary öňlerinden, yzlaryndan, saglaryndan, sollaryndan gelip (dogry ýoldan azdyraryn) we Sen olary ahyretde şükür edýän hallarynda tapmarsyň" - diýdi.

18. Alla: "Ondan (jennetden) ýeňilen halda çyk! Kasam ki, olardan kimde-kim saňa eýerse, elbetde, jähennemi siz bilen dolduraryn.

19. Eý, Adam, sen bolsa jübütiň Howa bilen jennetde mesgen tutup, islän ýeriňizden owkatlanyň. Diňe, ine, şu agaja golaýlaşmaň ki, ol halda biadyl- lardan bolarsyňyz!" - diýdi.

20. Soňra şeýtan olaryň bujaklaryny açyp goýbermek üçin olary was-wasa saldy we: "Perwerdigäriňiz diňe perişdelere öwrülmezligiňiz! üçin ýa-da jen-netde baky galmazlygyňyz üçin size bu agajy gadagan etdi" diýdi.

21. We olara men siziň iň ýakyn maslahatçyňyz diýip kasam içdi.

22. Aldaw bilen derrew olary erbet ýagdaýa düşürip goýdy. Şol agajyň miwesin-den dadyp görenleri hem şoldy, bujaklary açyldy we uýatlaryny jennetiň ýapraklary bilen ýapyp başladylar. (Şonda) olara Perwerdigäriň owazy geldi:"Sizi bu agaçdan dolandyrmanmydym we, elbetde, şeýtan siziň açyk duşmanyňyz diýmänmidim?!"

23. Olar: "Perwerdigärim, janymyza jebir etdik. Eger bize magrypat we rehim etmeseň, şübhesiz, zyýan görüjilerden bolarys" diýdiler.

24. Alla: "Biri-biriňize (ýagny, şeýtan Ynsana, Ynsan şeýtana) ýagy bolan halyňyzda (jennetden) düşüň! Indi siz üçin mälim wagta çenli (ýagny, ajaly- ňyz ýetinçä) ýerde karar tapmak bar.

25. Onda ýaşarsyňyz, onda ölersiňiz we ondan (sorag-sowal etmek üçin) çykary- larsyňyz" - diýdi.

26. Eý, Adam çagalary, Biz size uýatlaryňyzy ýapýan lybasy hem ýasan-tusan (lybasyny) hem düşürdik. (Hemmesinden) ýagşyrak lybas-takwalyk lybasydyr. Bu - Allanyň (fazly-merhemetine delalat edýän) aýatlardandyr. Eger ýadyňyzda bolsa!

27. Eý, Adam balalary! Şeýtan atalaryňyzyň uýatlaryny özlerine görkez- mek (ýagny, masgaraçylykly ahwala salmak üçin) lybaslaryny açyp, jennetden çykaryşy ýaly, sizi hem aldadaýmasyn! Çünki, ol we onuň mähellesi siziň oslamaýan ýeriňizden görüp durlar (ýagny, nähili aldananňyzy syzman galmagyňyz ahmal).Elbetde, Biz şeýtany imansyz kimselere dost edip goýan-dyrys.

28. Olar haçan bir bozuk iş etseler: (meselem, olar Käbä ýalaňaç halda togap edýärler) "Ata-babalarymyz hem şeýledi. Muny bize Alla buýran- dyr" diýdiler. Aýdyň (eý, Muhammet): "Alla hiç haçan beýle bozuk işlere buýurmaýar. Allanyň şanyna (özüňiz) bilmeýän zatlary

aýdyber- ýäňizmi?!"

29. Aýdyň: "Perwerdigärim adalata buýrandyr. Her bir sejde çagynda özüňizi (bar wujudyňyz bilen) metjide tarap garadyň we Özüne diniňizi päklemek üçin dileg edip, sygynyň. Sizi nähili ýaradan bolsa, şol halda-da Özüne dolanarsyňyz (ýagny, owal sizi ýokdan bar edişi ýaly, kyýamat gününde ýene sorag-jogap üçin gabryňyzdan çykarar).

30. Ol bir topara hidaýat etdi, başga bir topara bolsa, ýoldan azmagy hak bildi. Çünki, olar Allany goýup, şeýtany dost tutunyp, ýene özlerini medet-hidaýat tapyjylar hasaplaýarlar.

31. Eý, adam perzentleri, her bir namaz-sejde wagtynda zynatlanyň (ýagny, arassa lybasda boluň) hem-de (isledigiňizçe) iýip-içiberiň, diňe isrip etmäň. Sebäbi, Ol isrip edýän kimseleri söýmez!

32. Aýdyň (eý, Muhammet); "Allanyň bendeleri üçin çykaran bezeg (lybas- laryny) we päk rysklaryny kim haram etdi?". Aýdyň: "Olar (ýagny, bezeg we halal rysk) dünýä ýaşaýyşynda iman eýeleri üçin (bolup, dinsiz kimseler hem olara şärik bolar), kyýamat gününde bolsa, diňe (möminleriň) özlerine (degiş- lidir) hasdyr". Bilýän kowum üçin aýatlary, ine, şeýle beýan edýeris.

33. Aýdyň: "Perwerdigärim diňe äşgär we ýaşyryn bozuklyklary, (barça) günä işleri, nähak zulum etmegi we Allaga (şärikligi), hiç hili delilsiz zatlary şärik edişiňizi hem-de Allanyň şanyna bilmeýän zatlaryňyzy sözlemegiňizi haram edendir, bolany".

34. Her bir jemagat üçin ajal bardyr. Bes, haçan olara ajallary gelse, bir sagat yza hem, öňe hem sürüp.bilmezler.

35. Eý, Adam perzentleri, her haçan size özleriňizden bolan pygamber- ler Meniň aýatlarymy aýdan halatlarynda kimde-kim (çirkden) saklanyp, özüni düzetse, oňa howp-hatar ýokdur we olar

gamgyn bolmazlar.

36. Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen we olardan men-menlik bilen (ýüz öwren) kim- seler bolsa, dowzah eýeleridir. Olar onda baky galjakdyr.

37. Allanyň şanyna ýalan ýöňkän ýa-da Onuň aýatlaryna ýalan diýen kimseden zalymrak kim bar?! Olara kitapdan (kysmatdan) bolan yrsgallary guta-randan soň, janlaryny alyjy ilçilerimiz ölüm perişdeleri gelip: "Allany goýup, çokunyp geçen butlaryňyz hany?" diýenlerinde, olar: "Bizden gaýyp bolup gitdiler" diýdiler we özleriniň zyýanlaryna - dinsiz bolan-dyklaryna güwälik berdiler.

38. Ol (Alla) aýdýar: "Sizden owal öten jyn we ynsdan ybarat (dinsiz) milletler bilen dowzaha giriň!" Haçan bir jemagat girende, şärigini (ýagny, özüni ýoldan azdyranlary) lagnatlaýardy. Haçanda onda (dowzahda) hemmeler tapyşanda, yzyna eýerenler baştutan bolanlaryny görkezip: "Perwerdigär-ä, ine, şular bizi ýoldan azdyranlar, şonuň üçin dowzah azabyny olara iki esse kylgyn" diýdiler. (Alla) aýdýar: "Her biriňiz üçin iki esse bolar, emma siz bilmeýärsiňiz!"

39. Baştutan bolanlar eýerenlere: "Siziň bizden birem artykmaç tarapyňyz ýokdur, şonuň üçin edip geçen günäleriňize görä azaby dadyberiň" diýýärler.

40. Elbetde, aýatlarymyzy ýalan diýen we olardan men-menlik bilen ýüz öwren kimseler üçin hergiz mawy asmanyň gapylary açylmaz we täki düýe iňňäniň gözün- den geçmeýänçä, olar hem jennete girip bilmezler Asy- günäkärleri, ine, şeýle jezalandyrýarys.

41 Olar üçin jähennemden düşek, ýalyndan ýapynja bolar. Azgynlaryň jezasy şeýledir.

42. Iman getirip, ýagşy amallar edenler - Biz hiç bir jany tagatyndan daşary amala teklip etmeýäris - olar jennet eýeleri bolup, onda ebedi galarlar.

43. Aşaklaryndan derýalar akyp durýar we olaryň köňüllerinden (biri-birlerine bolan) kineleri, şübheleri çekip alarys we olar: "Bize bu (nygmat- lary) ýollan Allaga hamdy-sena bolsun. Eger bize Alla nazar etmedik bolsa, hergiz ýol tapyp bilmezdik. Dogrudan hem, Perwer- digärimiziň, pygamberi hak dine salan ekeni" diýdiler we olara: "Edip geçen (ýagşy) amallaryňyz üçin miras edip berlen uçmah, ine, şudur" diýip nyda beriler.

44-45. (Şonda) uçmahylar dowzahylara seredip: "Biz Perwerdigäriň beren wadasynyň hakdygyny gördük. Siz hem Perwerdigäriň wada beren zadynyň hakdygyny gördüňizmi?!" diýenlerinde olar: "Hawa" diýýärler. Şonda olaryň arasynda bir jarçy: "Allanyň ýolundan sowlan we ony bozmaga ymtylan, ahyrete ynanmadyk zalymlara Allanyň lagnaty bolgaý!" diýip jar çeker.

46. Olaryň (uçmahylaryň we dowzahylaryň) arasynda syrat bolup, hemmäni belgileri boýunça tanaýan kişiler bolar. Olar uçmahylara: "Size dynçlyk bolgaý" diýýärler. Özleri bolsa isleseler-de, jennete girmediklerdir.

47. Haçanda dowzahylara gözleri düşende: "Perwerdigär, bizi bu zalym kowum bilen bile goýmagaý Sen!" diýýärler.

48-49. Adamlary belgilenen alamatlary boýunça tanaýan syrat eýeleri arada araf-syrat diwarlarynyň üstünde duranlara bakyp: "Sizi men-menlige sezewar eden - toplan maly dünýäňiziň haýry degmedi-le! (Soňra olara bu dünýäde garyp-misgin bolup geçen we iman • ygtykatlary sebäpli, jennet nygmatlaryna duçar bolan ynsanlary görkezip) siziň (dowzahylaryň): "Alla olara birem

rahmet-merhemet ýetirmez" diýip kasam içen kişileriňiz, ine, şularmy?! (diýdiler). (Bu garyplara bolsa): "Siz, üçin hiç hili howp-hatar ýok, jennete giriň we siz asla gamgyi bolmarsyňyz" (diýildi).

50-51. Dowzahylar uçmahylara: "Bize hem suw ýa Allanyň size rowa gören nygmatlaryndan döküň!" diýip, nyda kylanlarynda, olar: "Alla bu nygmatlary dinlerini oýun hasaplap, (onuň üstünden gülen) we pany dünýä aldanan dinsiz kimselere haram edendir" diýdiler. Biziň aýatlarymyzy inkär edip, bu Günki boljak duşuşygy unudyşlary ýaly, Biz hem bu gün olary unudarys.

52. Hakykatdan Biz olara (Mekge iline) iman getiriji kowum üçin hidaýat we rahmet bolmuş we Öz bilimimiz bilen ýaradylan bir Kitap (Gurhan) getirdik.

53. Olar bolsa onuň (Kitabyň) tawiýl - akybetine (ýagny, ondaky aýatlaryň hakdygynyň subutnamasyna) garaşýarlar, bolany. Onuň tawiýli gelýän GÜNde öň ony unudan kimseler: "Perwerdigärimiziň pygamberi hak dini getiren ekeni, indi bizi aklajak aklawçylar barmyka ýa-da edip geçen işlerimizden başga amallary etmek üçin (ýene dünýä) dolandyrylarmykak?" diýýärler. Olar hakykatdanam öz-özlerine anyk zyýan etdiler we özleriniň ýasap goýan butlary olardan gaýyp boldy.

54. Elbetde, Perwerdigäriňiz Alla asmanlary we Ýeri alty günde ýaradyp, soňra (Onuň Özi) arşda ornaşdy. Ol gündizi gije bilen ýapýar, (ikisi) biri-biriniň yzyndan üznüksiz hereketdedir. Gün hem, Aý hem, ýyldyzlar hem Onuň ygtyýaryndadyr. Habardar boluň ki, ýaratmak, hem (ýaradan zatlarynyň üstünden) höküm etmek diňe Onuňkydyr. Barça älemler Perwerdigäri - Alla beýikdir!

55. Perwerdigäriňize tezzeri (toba) bilen, içiňizden (hufýana) dileg ediň. Bolmasa, Ol hetden aşýan kimseleri söýmez.

56. We (Allanyň dini bilen) Ýeri abat edip goýlandan soň (dinsizlik ýoluna gidip) ony bozmaň. Ony (Allanyň azabyndan) gorkup, (rahmetinden) umydygär bolup, çagyryň, sebabi, Allanyň rahmeti ýagşy amal edijilere ýakynrakdyr!

57. Ol Öz rahmetiniň (ýagmyrynyň) öňünden hoşhabar edip şemal iberýär. Haçan olar agyr bulutlary sürüp gelende, Biz ony jansyz mekanlara ýagdyrýarys we düşüren suwumyzyň ýardamy bilen dürli miweleri çykarýarys. Biz ölenleri hem (öz mazarlaryndan) şeýdip çykarýarys - eger aňlaýan bolsaňyz!

58. Arassa ýerler - Allanyň eradasy bilen ekini gowy gögerder, näpäk (ýagny, zaýalanan, şorlan) ýer bolsa, ibaly ekin gögertmez. Biz Öz aýatlarymyzy şeýle (tymsal) beýan edýäris, şoňa-da şükür ediň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat pendi-nesihat alyp, oňa amal edýän imanly kişi bilen, nesihat almaýan we eşiden gepinden täsirlenmeýän dyýanatsyz kimse hakyndaky göreldeli mysaldyr.

59. Kasam ki, Nuhy öz kowumyna pygamber etdik. Şonda ol: "Eý, kowumym, Alla ybadat ediň! Siziň üçin Ondan özge ylah ýokdur. Elbetde, men siziň uly GÜNÜŇ (kyýamat gününiň) azabyna giriftar bolma- gyňyzdan gorkýaryn" diýdi.

60.(Şonda) onuň kowmundan (atly-abraýly) adamlar: "Biz seniň açyk zelalat- dadygyňy (azaşýandygyňy) görüp durus" diýişdiler.

61. Ol aýtdy: "Eý, kowumym, men asla azaşmaýaryn, gaýta, men barça älemleriň Perwerdigäri tarapyndan iberilen pygamber men!

62. Men Perwerdigärimiň wezipelerini size ýetirer men we nesihat kylar men hem-de Alla tarapyn Siziň bilmeýän zatlaryňyzy biler

men,

63. Sizi (ahyret azabyndan) gorkuzmak üçin we takwa bolmagyňyz hemde (Allanyň) rahmetine eýermegiňiz üçin size Perwerdigäriňiziň ýatlatmasynyň, özüňizden bolan bir kişiniň boýnuna (ýagny, meniň boýnuma) düşendigine geň galdy- ňyzmy?"

64. Şonda ony ýalançy (hasap) etdiler. Şonda Biz ony we onuň bilen bile (ýoldaşlaryny) gämä saldyk we Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kimseleri gark edip goýberdik. Çünki, olar (köňülleri) kör bolan kowumdylar.

65. Aat kowumyna öz doganlary Huty (pygamber etdik). Ol aýtdy: "Eý, kowumym, Allaga ybadat ediň! Siz üçin Ondan özge bir ylah ýokdur. Onuň azabyndan gorkmaýaňyzmy?!".

> *66.(Şonda) onuň kowmundan kapyr bolan adamlar: "Biz seniň! Nadandy- gyňy görüp durus we, elbetde, biz seni ýalançylardan diýip güman edýäris" diýdiler.*

67. Ol aýtdy: "Eý, kowumym, men nadan däldirin, gaýta men barça älem leriň Perwerdigäri tarapyndan iberilen pygamber men.

68. Men size Perwerdigäriň wezipelerini (buýranlaryny) ýetirer men we siz üçin ynamly nesihat kylyjy men.

69. Size Perwerdigäriňizden bolan ýatlatma (ahyret azabyndan gorkuzmak) özüňizden bir kişiniň boýnuna gelendigine geň galdyňyzmy? (Allanyň) sizi Nuh kowumyndan soň, halypa edendigini we güýç-kuwwatyňyzy zyýat kylyp ýaradandygyny ýatlaň! Indi Allanyň nygmatlaryny isleseňiz, najat taparsyňyz".

70. Olar: Sen bize ýalňyz Allaga ybadat etmegimiz we ata-babalarymyzyň sygnyp öten butlaryny terk etmegimiz üçin geldiňmi? Onda eger dogruçyl kişilerden bolsaň, bize wada kylnan

zady (ýagny, Allanyň azabyny) getird-ä?" diýdi ler.

71. Ol aýtdy: "Indi ussadyňyza Perwerdigäriňiz tarapyndan azabyň we gazabyň geljegi äşgär boldy. Meniň bilen özüňiz we ata-babalaryňyzyň ýasap goýan (butlarynyň) atlary hakda jedelleşjekmisiňiz? Ahyr Alla (olara ybadat etmek hakynda) bir delil hem düşürmändir-ä?! Indi Allanyň gazabyna göz tutuň we men hem siziň bile garaşjakdyryn."

72. Şonda oňa (Huta) we onuň bilen bile bolanlara (möminlere) Öz rahmet-merhemetimiz bile najat berdik we Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kimseleriň dowamyny gyrkdyk (heläk etdik). Olar mömin däldirler.

73. Samud kowumyna öz doganlary Salyhy (pygamber kyldyk). Ol aýtdy "Eý, kowumym, Allaga ybadat ediň! Siziň üçin Ondan özge bir ylah ýokdur! Size Perwerdigäriňiz tarapyndan hüjjet - ine, şu Allanyň (iberen) düýesi siz üçin aýat-mugjyza bolup geldi. Indi ony Allanyň ýerinde iýip-içip ýören ýagdaýynda goýuň we oňa bir ýamanlyk etmäň, şonda (ýagny, ýamanlyk etseňiz) sizi alawly azap gurşar".

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Salyh pygamberiň kowumy Hakykatdan hem pygamberdigini tassyklaýan bir mugjyza - gudrat-alamat görkezmegi talap edenlerinde, pygamber olaryň gözleriniň öňünde bir harsan, daşy diri duýä öwrüp, ony urman-öldurmän, öz ugruna goýbermek-lerini buýurdy. Bolmasa, başlaryna bela geljeginden habardar etdi.

74. Sizi Aat kowumyn(dan) soň halypa edip goýanyny we size Ýeriň tekiz- liklerinde (ýazlyk) öýler gurmagyňyz, daglyk ýerlerde (gyşlak) öýler dikelt-megiňiz üçin mesgen berenini ýatlaň! Indi Allanyň nygmatlaryny ýatlaň we Ýerde bozuklyk ýaýradyp ýörmäň!".

75.(Şonda) onuň kowumyndan bolan tekepbir adamlar öz aralaryndaky äsgerilmän ýören mömin garyplara: "Salyhy Perwerdigär tarapyndan iberilen pygamber hasaplaýarsyňyzmy?" diýdiler. Olar aýtdylar: "El-betde, biz onuň üsti bilen iberilen (dine) iman getirýäris".

76-77. Tekepbir kimseler bolsa: "Biz siziň iman getiren diniňize kapyrdyrys!" diýdiler-de, düýäni soýdular we Perwerdigäriň emrinden ýüz dönderdiler, soň: "Eý, Salyh, eger pygamber bolsaň, bize beren wadaňy (ýagny, Allanyň gazabyny) getird-ä!" diýdiler.

78. Şonda olar aýylganç ýer titremä duçar bolup, duran ýerlerinde (ýeriň teýine) döküldiler.

79. Soň (Salyh) olardan ýüz öwrüp, (öz ýanyndan): "Eý, kowumym, ine, men Perwerdigärimiň dinini size ýetirdim we nesihatlar kyldym. Ýöne siz nesihat edýänleri asla söýmeýärsiňiz" diýdi.

80-81. Lut (pygamberiň) öz kowumyna: "Şeýle bozuklyk edýärsiňizmi? Sizden öň bütin älemde bir kimse-de beýle zat etmeýärdi! (Nämüçin) siz aýallaryňyzy goýup, nebsiňizi gandyrmak üçin erkeklere barýarsyňyz (zyna edýärsiňiz)? Ýok, siz hetden aşyjy kowumsyňyz" diýenini ýatlaň!

82. Kowumyň jogaby bolsa, ine, şundan ybarat boldy: "Olary (ýagny, Lut we oňa tabynlary) obaňyzdan çykaryp goýberiň! Çünki, olar hetdenaşa päkize adamlar eken".

83. Indi oňa we iline (ýagny, Lut we oňa eerenlere) najat (kömek) berdik. Meger onuň aýaly (najat tapmady, çünki, ol) gitmän galyp, heläk bolujylardan boldy.

84. Olaryň üstüne apatly ýagmyr - daş ýagdyrdyk. Ana, indi asy-günäkär kowumyň akybetiniň (kysmatynyň) nähili bolandygyny görüň.

85. Madýan kowumyna öz içinden doganlary Şuaýby (türkmençe Şaýyp, Şagyp hem diýilýär), (pygamber kyldyk). Ol aýtdy: "Eý, kowumym, Alla ybadat ediň! Siz üçin Ondan özge ylah ýokdur! Size Perwerdigäriňiz tarapyndan hüjjet (din) geldi. Indi ölçeg we terezini dogry ediň (ölçäň) we adamlaryň hakyndan urup galmaň hem-de ýer (pygamber iberilmek bilen) oňlap goýlandan soň, ony zaýalamaň. Eger, mömin bolsaňyz, şu özüňiz üçin ýagşyrakdyr.

86. Her köçede (kişileri) gorkuzyp we Alla iman getiren ynsanlary Onuň ýolundan kesip hem-de ol ýoly bozmak üçin hereket edip ýörmäň! Azlyk (ýagny, güýç-kuwwatsyz, ejiz) wagtyňyzda sizi köpeldenini (ýagny, güýç-kuwwatly, eziz kylanyny) ýatlaň we bozuk kimseleriň akybetiniň (täleýiniň) nähili bolandygyny görüň.

> *87: Eger sizden bir taýpa meniň bilen iberilen dine iman getirip, başga bir taýpa bolsa, iman getirmese, onda tä Alla öz hökümini çykarýança, (ýagny, kimiň hak, kimiň nähakdygy mälim bolýança) sabyr ediň. Ol dogry höküm edijidir".*

88-89. (Şonda) onuň kowmundan bolan tekepbir kimseler: "Eý Şuaýb, ýa seni we seniň bilen bile iman getiren kişileri obamyzdan kowup çykararys, ýa-da siz biziň dinimize gaýdarsyňyz" diýişdiler. Ol aýtdy: "Eger (diniňizi) ýaman görsegemmi? Eger Alla bize şol diniňizden najat bereninden soň, ýene oňa gaýtsak, Allanyň şanyna ýalan ýöňkedigimiz bolmazmy? (ýagny, aslynda bolmadyk zatlary Allaga şärik etdigimiz bolmazmy?!) Biziň üçin ol dine gaýtmak laýyk däldir, meger, Perwer-digärimiz - Alla (bizi ýoldan azaşdyrmagy) halasa, (gaýtmagymyz mümkin), Perwerdigärimiziň ylmy ähli zady gurşap alandyr. Allanyň özüne towakkyl kyldyk (söýendik). Eý, Perwerdigär, biz bilen kowumymyzyň arasynda hak höküm kylgaý Sen! Özüň höküm edijileriň ýagşysy Sen!"

90.(Şonda) onuň kowumyndan kapyr bolan kimseler: "Kasam ki, eger Şuaýba eýerseňiz, elbetde, zyýan görüji bolarsyňyz" diýdiler.

91. Şonda olary ýowuz ysytma tutup, duran ýerlerinde (ýer garnyna) döküldiler.

92. Şuaýby ýalançy diýen kimseler göýä bu ýerde ýaşamadyk ýaly boldular.

Şuaýby ýalançy hasaplan kimseleriň özleri zyýan görüji boldular.

93. Soň (Şuaýb) olardan ýüz öwrüp, (öz ýanyndan): "Eý, kowumym, ine, men Perwerdigärimiň dinini size ýetirdim we nesihat etdim. Indi kapyr kowumyna neneň nebsim agyrsyn" diýdi.

94. Biz bir ile pygamber ibersek (we ol ýerdäki adamlar iberen pygamberimize iman getirmese), elbetde, onuň ilini toba-tagsyr kylmaklary üçin kynçylyk we musybatlar bilen tutandyrys, (külpete ýolukdyran- dyrys).

95. Olaryň: "Biziň ata-babalarymyza-da betbagtlyk hem, bagt hem miýesser edipdir" diý- mekleri üçin, soňra şol ýamanlygyň ornuna ýagşylygy (baý döwletlilik we hatyrjemlik) çalşyryp goýduk. Biz olary duýdansyz gapjadyk, şonuň üçin olaryň özleri duýmadylar!

96. Eger ol illeriň halky iman getirip, takwadar bolan bolsady, elbetde, Biz olara asmandan we ýerden bereket (derwezelerini) açyp goýardyk. Emma olar (pygambermize) ynanmadylar, şeýdip, Biz olary öz eden günäleri sebäpli tutduk.

97. Ol obalaryň ili bela-kazamyz gije, uklan wagtlary geljeginden hatyrjem boldularmy? (Garaşmadylarmy?).

98. Ýa-da ol obalaryň ilaty bela-kazamyzyň çäş wagtynda, gülüp-oýnaýan ýagdaý-larynda geljeginden habardarmydylar?

99. Olar Allanyň "mekrinden" hatyrjemmidiler? Bes, Allanyň "mekrinden" diňe zyýan görüji kowum hatyrjem bolar.

100. Bu ýere (owalky) eýelerinden soň, mirasdar bolan kimselere, eger islesek, günäleri sebäpli, musybat ýetirjegimiz mälim dälmi? Biz olaryň ýüreklerini möhürläp goýarys. Soň olar (hiç hili pendi-nesihata) gulak asmaýan bolarlar.

101.(Eý, Muhammet), size şol obalaryň olaryň hallaryndan sözleýäris. Elbetde, olara pygamberleri hüjjet-mugjyza getirdiler, emma olar owal (ýagny, mugjyzalar gelmänkä, pygamberlerini) ýalançy edendikleri sebäpli, (mugjy- zalar gelenden soň hem iman getiriji bolmadylar). Alla dinsiz kimseleriň köňüllerini, ana, şeýle möhürläp goýýar.

102. Olaryň köpüsinde bir äht (ýagny ähte wepadarlyk) tapmadyk we mydam olar-yň köpüsini etagatsyz halda tapdyk.

103. Soňra - olardan soň Musany öz aýatlarymyz bilen Firawun we onuň adam- laryna iberdik, (emma) ol aýatlara kapyr boldular. Ana, indi bozgunçylaryň akybetleriniň nähili bolýandygyny görüň.

104.(Musa) diýdi:"Eý, Firawun, elbetde, men barça älemleriň Perwerdigäriniň ilçisidirin.

105. Meniň boýnumda Allanyň şanyna diňe hakykaty aýtmak bardyr. Ine, size Perwerdigäriňizden hüjjet getirdim. Bes, indi Ysraýyl kowumyny meniň bilen bile (öz ýurtlaryna) ibergin".

DÜŞÜNDIRIŞ. Köne kitaplarda ýazyşlaryna görä, asly öwlatlary Mukaddes Zemin (Şamdan) bolan Ysraýyl kowumynyň Musürde ornaşyp galmagyna sebäp - Ýusup zamanynda Ýakubyň tohum-tiçleri Müsüre gelip, şu ýerde ýer-ýurt tutunyp, örnäp-ösnäp galýarlar. Haçanda döwlet başyna Firawun (Faraon) gelenden soň, olary gul ýaly edip, iň agyr işlerde işledýärler. Şonda Musa pygamber Ysraýyl kowumyny bu ýesirlikden azat edip, ata-babalarynyň watany bolan Mukaddes Zemine (Şama-Siriýa) alyp gitmekçi bolýar. Indi aşakdaky aýatlarda Musanyň getiren mugjyzlary

(gudrat-täsinlikleri) beýan edilýär.

106.(Firawun): "Eger rastgöý kişilerden bolup, aýat-mugjyza bilen gelen bolsaň, hany ony getir" diýdi.

107. Şonda (Musa golundaky) hasasyny taşlady welin, ol öz-özünden anyk ajdarha öwrüldi.

108. Soňra ellerini ýeňinden çykardy-da, uzatdy welin, ol seredip duranlara ak bolup göründi (Aslynda Musa garaýagyz adamdy).

109. Firawun kowumyndan bolan kimseler: "Şübhesiz, bu (Musa) güýçli sähr-jadygöýdir, ol sizi öz ýeriňizden çykarjak bolýar" (diýdiler).

110. Firawun: "Näme maslahat berýäňiz?" - diýdi.

111-112. Olar: "Ony we agasyny (Haruny) saklap, hemme şäherlere (jadygöýleri) getirer ýaly adamlary iberiň, olar saňa ökde sährgärleri tapyp getirsin" - diýdiler.

113.(Şondan soň) jadygöýler Firawunyň alnyna gelip: "Eger biz ýeňiş gazansak, sylag berersiňiz" diýdiler.

114. Ol: "Elbetde, siz meniň ýakynlarymdan bolarsyňyz" diýdi.

115. Olar: "Eý, Musa, ýa sen (goluňdaky hasaňy) taşla, ýa biz taşlajak diýdiler.

116. Ol (Musa); "Siz taşlaň" diýdi. Şonda olar taşlanda, adamlaryň gözüni baglap, olary gorkuzdylar we güýçli jadygöýlik görkezdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hekaýa etmeklerine görä, şäheriň çetinde bir düzlükde toplanan halaýygyň öňünde müňläp jadygöý-gözbagçylar ellerinde çybyklaryny, taýaklaryny, ýüplerini ýere taşlapdyrlar. Şonda bütin düzlük üsti-üstüne çolaşyp ýatan ýylanlardan dolupdyr. Adamlar gorka düşüpdir. Hatda pygamberi hem howatyr basmarlaýar. Şonda...

117. Biz Musa: "Hasaňy taşla" diýip wahyý iberdik. Birden ajdarha öwrülen hasa olaryň ýalanlaryny ýuwdup başlady.

118. Şeýdip, hakykat karar tapdy, olaryň eden hereketleri bolsa batyl boldy.

119. Şeýdip, ol ýerde (Firawun we onuň tarapdarlary) ýeňlip, biabraý bolup, şähere dolandylar.

120-121-122. Sährgärler sejde kylyp, ýere ýykylyp: "Älhi älemleriň Perwerdigärine - Musa bilen Harunyň Perwerdigärine iman getirdik!" diýdiler.

123-124. Firawun: "Men idin bermesem-de, oňa iman getirdiňiz(mi)? Şübhesiz, bu (kylmyşyňyz) işbu şäherden onuň ilini çykarmak üçin kylan mekirligiňizdir. Indi ýakynda bilersiňiz - elbetde, aýaklaryňyzy, elleriňizi atanaklaýyn (ýagny, sag el bilen çep aýagyňyzy) keserin, soňra siziň barçaňyzy dardan asaryn" - diýdi.

125. Olar: "Onda, biz öz Perwerdigärimize ýüz tutarys (ýagny, ölüm bilen gorkuzjak bolma).

126. Sen bizden diňe Perwerdigärimiziň aýatlary gelende, oňa iman getirenimiz üçin öç aljak bolýaň. Perwerdigär-ä, üstümizden sabry-takady ýagdyrarsyň we bizi diňe musulman bolan ýagdaýymyzda öldürersiň!"- diýdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam taglymatyna görä, Adam atadan başlap, Muhammet alaýhy-s-salama çenli barça pygamberler, ýeke zynjyra düzilip, ýalňyz Allaga boýun synyjylyga çagyrdylar. Diýmek, Allanyň inderen dinleriniň kanun-kadalarynda parh bolsa-da, olaryň düýbi birdir. We olara etagat eden kişiler muslimdir,

127. (Şonda) Firawun kowumyndan bolan adamlar: ("Eý, Firawun), Musanyň we kowumy- nyň bu ýerde bozgunçylyk edip ýörmegine hem-de seni we hudaýlaryňy terk etmegine ýol berjekmi?"

diýenlerinde, ol : "Olaryň ogullaryny öldürip, aýallaryny diri galdyrarys, elbetde, biz olardan üstün çykarys" diýdi.

128. (Firawunyň sözlerinden gazaba münenlerinde), Musa öz kowumyna:"Alladan medet diläp, sabyr-takat ediň! Bu ýer, şek-şübhesiz, Allanyňkydyr. Ony Özi islän bendelerine miras edip berer. Akybet-netije bolsa, takwa- darlaryňky bolar" diýdi.

129. Olar: Sen bize (pygamber bolup) gelmeziňden öň hem (ýagny, şonda hem Firawun ogullarymyzy öldürip, aýallarymyzy diri galdyryp, zulum edipdi), sen geleniňden soň hem azar gördük" diýdiler. Ol (Musa): "Indi Perwerdigäriňiz duşmanlaryňyzy heläk edip, sizi bu ýere halyf etse we nähili amallar edişiňizi görse" diýdi.

130-131. Kasam ki, Biz Firawun adamlarynyň pendi-nesihat almaklary üçin gahatçylyk ýyllary bilen we miwe-nygmatlaryny kemeltmek bilen tutduk. Şondan soň hem olara haçan ýagşylygymyz (asuda durmuş) gelse: "Bu biziň hakymyz" diýişdiler, eger olara bir ýamanlyk ýetse, Musa we onuň bilen bile (oňa hemralyk eden) kişilerden betgüman boldular. Ägä bolsunlar ki, elbetde, olaryň rysk-nesibeleri diňe Allanyň huzuryn-dadyr. Emma olaryň köpüsi (muny) bilmeýärler.

132-133. Olar (Musaga): "Bizi jadylamak üçin nähili aýat-mugjyza getirseň hem, biz saňa hergiz iman getiriji däldiris" diýenlerinden soň, üstlerine tupan (sil) çekirtge, gurbaga, bit we gan (belalaryny) açyk aýat-mugjyzalar edip iberdik. (Emma) olar tekepbirlik etdiler we günäkär - asy kowum boldular.

134. Haçanda olaryň üstüne bir azap düşende: "Eý, Musa, saňa beren wadasynyň haku-hormatyna Perwerdigäriňe doga kyl. Kasam ki, eger bizden şu azaby gutarsaň, elbetde, saňa (pygamberligiňe) iman getireris we Ysraýyl kowumyny seniň bilen bile (öz

watanlaryna) ibereris" diýdiler.

135. Indi olardan bu azabymyzdan öz barjak mütdetlerine (ýagny, kyýamat gününe) çenli gutaranymyzda bolsa, ýene (içen kasamlaryny) bozup durlar.

136. Bes, biz olardan ar aldyk - aýatlarymyzy ýalan diýenleri we olardan gapyl bolanlary sebäpli, deňize gark etdik.

137. We (Müsüri - Şamdaky) ýere - Özümiziň bereket ýagdyran maşryk we magrypdaky (ýerlere) biçäre kowumy (ýagny, Ysraýyl kowumyny) warys (eýe) edip goýduk. Sabyr-takat edenleri sebäpli, Ysraýyl kowumyna Perwer-digäriňiziň ("Bu ýerdäki biçärelere nygmatlary engam etmegi we olary adamlara ýolbaşçy edip goýmagy isleýäris" diýen) gözel sözleri doly berjaý boldy Firawunyň we kowumynyň salan ymaratlaryny we belende göteren minaralaryny bolsa weýran etdik.

138-139. (Soňra) Ysraýyl kowumyny deňizden geçirenimizden soň, olar butlaryna çokunyp duran bir kowumyň alnyndan ötdüler we: "Eý, Musa, bize hem olaryň ylahylary ýaly huda kylyp (ýasap) ber" diýdiler. Ol: "Elbetde, siz bilmeýän kowumlardansyňyz. Ahyr olaryň (ybadat edip) duran närseleri ýok bolujy, edip duran amallary bolsa, batyl dälmi?" diýdi.

> *140.(Ýene): "Men sizi ähli älemlerden beýik Alladan özgäni (ýagny, jansyz buty) size hudaý edip bererinmi?!" - diýdi.*

141. Sizi (eý, Ysraýyl kowumlary), ýaman azap edýän, ogullaryňyzy öldürip, aýallaryňyzy diri galdyrýan Firawun adamlaryndan gutaranymyzy ýatlaň! Bu işlerde (ýagny, bu azapda we najatda) Perwerdigäriňiz tarapyndan uly synag bardyr.

142. Musa bilen otuz gijä wadalaşypdyk. Soňra ony ýene on (gije) bilen doldurdyk. Indi Perwerdigäriň (belgilän) wagty kyrk gije boldy.

(Alla Musaga Tur dagynda şunça möhlet ýeke özüne ybadat etmegi buýurdy). Musa (ybadata barýan waggy) agasy Haruna: "Kowmumyň üstünden (baştutanlyk etmäge) meniň kömekçim bol we (olaryň edýän amallaryny) synla. Bozgunçy kimseleriň ýoluna eýerme" diýdi.

143. Haçanda Musa (bilen wadalaşan) wagtymyzda (Tur dagyna) gelip Perwerdigäri oňa (göni) sözländen soň, ol: "Perwerdigärim, maňa jemalyňy görkezgin, Saňa bir seredeýin" diýdi. (Alla): "Meni hergiz görüp bilmersiň. Emma, ine, şu daga seret. Eger ol (meniň nazarym düşende) duran ýerinde durup bilse, sen hem Meni görüp bilersiň" diýdi. Haçanda Perwerdigär ol daga nazar edende, ol bölek-bölek boldy we (bu ahwalaty gören) Musa beýhuş bolup ýykyldy. Özüne gelenden soň bolsa: "Eý, päk Perwerdigär, Özüňe toba kyldym. Indi men iman getirijileriň owaly - öňbaşçysydyryn" diýdi.

144. Alla: "Eý, Musa! Men seni adamlara Meniň eradamy we sözümi ýetirmegiň üçin saýladym. Meniň iberen zatlarymy (pygamberligi) al-da, şükür etgin" - diýdi.

145. Onuň üçin lowhlara (ýagny, Töwradyň sahypalaryna) hemme zady - pent-nesihat we ähli zatlaryň tebsilatyny (düşündirişini) ýazyp goýduk we: "Olary mäkäm tut we kowumyňy ol pendi-nesihatlaryň iň gözel amallaryna buýr" diýdik. Indi size etagatsyz (boýun synmadyk) kimseleriň diýaryny görke- zeýin.

146. Indi ýerde nähak kibru-howa edip ýören, eger barça aýat-mugjyzalary görseler hem, olara iman getirmeýän, dogry hak ýoluny görseler, ony (özleri üçin) ýol edip almaýan, agyr zelalat - nädogry ýoly görseler, ony ýol edinýäi kimseleri Öz aýat-mugjyzalarymdan öwrüp goýbererin (ýagny, aňlamaz edip goýarmen). Munuň sebäbi olaryň Biziň aýatlarymyzy ýalan diýenleri

we olardan gapyl bolandyklarydyr.

147. Biziň aýatlarymyzy we ahyretdäki uçraşmagy (kyýamaty) ýalan diýen kimseleriň kylan amallary bihuda gider. Olar diňe özleriniň amallary (ýagny, dinsiz-likleri) bilen jezalandyrylar.

148. Musanyň kowumy ondan soň (ýagny, ol Tur dagynda ybadat edip gideninden soň), özleriniň bezeg şaý-seplerinden bir göläniň heýkelini ýasadylar (we oňa ybadat edip başladylar) - olar onuň (göläniň heýkeliniň) özlerine hiç zat aýtmajagyny, dogry ýola ýollamajagyny bilmedilermi? Geläni ybadat üçin saýlap, olar özlerine zulum ediji boldular.

149. Haçanda olaryň, ellerine kakylanda, özleriniň azaşandyklaryny bilip: "Eger Perwerdigär bize rehim etmese we (bu günämizden) ýülündirmese, elbetde, zyýan görüjileriň sanynda bolarys" diýdiler.

150. Haçanda Musa öz kowumyna gazaplanyp gelip, gamgyn halda: "Meniň arkamdan nägadar ýaman (işler edip), eýsem, Perwerdigäriňiziň emri-permanynyň (gelme-gine sabyr etmän) nämä howlukdyňyz?" diýdi we elindäki lowhlary (sahy- palary) oklap goýberdi we agasynyň saçyndan tutup, çekip başlady. (Harun); "Eý, enemiň balasy (howandarym), bu kowum meni horlap, tas öldüripdi, indi sen bir bu duşmanlary meniň üstümden güldürmegil we meni bu zalym kowum bilen biledir öýtmegin" diýdi.

> 151.(*Musa*): *"Eý, Perwerdigärim, meni we hemrahymy Özüň magrypat etgeý Sen we bizi Öz rahmetiňe dahyl kylgaý Sen. Özüň rehimdarlaryň iň rehimlisi Sen!" diýdi.*

152. Şübhesiz, göläni (hudaý edip) saýlan kimselere Perwerdigäri tarapyndan gazap we pany dünýäde hary-zarlyk ýeter. (Allanyň şanyna) ýalan ýöňkeýän kimseleri, ine, şeýle jezalandyrýarys.

153. Günä işleri edip, soňundan toba eden we (bu işlere gaýdyp dolanmadyk) iman getirenler üçin bolsa, elbetde, Perwerdigäriňiz şondan soň hem magrypat ediji mähribandyr.

154. Haçan Musanyň gazaby ýatyşandan soň, ýaňky lowhlary-sahypalary (ýerden) galdyrdy - onda "Perwerdigärden gorkýan kişiler üçin hidaýat we rahmet bolar" diýip ýazylypdy.

155. Musa Biziň bellän wagtymyza (ýanymyza) alyp gelmek üçin öz kowu- myndan (gölä çokunmadyk) ýetmiş kişini saýlady. Haçanda olara sandyrama ýoluganda: (Musa) aýtdy: "Perwerdigärim, eger isleseň, olary hem, meni hem ozal, (ýagny, olar bozuklyga syganan wagty) heläk etseň bolardy. Aramyzdaky akylsyz kimseleriň kylmyşlary sebäpli, (indi) bizi heläk edermi Sen? Eýsem islän kişiňi azaşdyryp, islän kişiňi bolsa dogry ýola salyp, synag edeňokmy näme?! Sen Özüň eýämiz, Özüň magrypat edip, rehim kyl, Özüň günä geçijileriň iň ýagşysy Sen!

156-157. Biz üçin bu dünýäde hem, ahyretde hem ýagşylyk ýazgyn. Özüňe toba kyldyk" diýdi. (Alla) aýtdy: "Azabymy Özüm halan kimsäme ýetirer Men. Rahmetim-mähribanlygym bolsa, hemme zatdan giňdir. Men ony (rahmetimi) takwalyk edýän, zekatyny berýänlere we Biziň aýatlarymyza iman getirijilere ýazar Men. Olar şeýle adamlar bolup, ummiý (sowatsyz) pygambere adyny öz alynlaryndaky Töwratda we Injilde ýazylyşy ýaly tapan ilçilerimize eýerýärler. Ol pygamber olary ýagşylyga buýurdy, ýamanlykdan gaýtardy we päk zatlary olar üçin halal zdip, näpäk närseleri olara haram edýärler hem-de olardan ýüklerini we üstlerindäki kitaplaryny aýryp taşlaýar (ýagny, Yslam dininden öňki dinlerde bolan agyr, kynçylykly ybadatlary aýryp taşlap, aňsatlaryny getirdi). Bes, oňa iman getiren, ony beýgeldip, oňa kömek eden hem-de onuň (gelmegi) bilen inderilen nura (Gurhana) eýeren ynsanlar -

ine, diňe şolar medet tapyjylardyr".

158. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Eý, adamlar, elbetde, men siziň ähliňize Allanyň (iberen) ilçisidirin. Ol şeýle beýik bolup, Asman we Ýer onuň mülküdir. Hiç ylah ýok, diňe Onuň Özi bardyr. Ýaşaýyş hem, ölüm hem Onuň eradasy bilendir. Indi Alla we Onuň ilçisine - resulyna we Onuň sözlerine ynanýan ummiý (sowatsyz) pygambere iman getiriň we oňa eýeriň - hökman hidaýat taparsyňyz".

159. Musa kowumyndan şeýle jemagat hem bar bolup, hak (söz) bilen (adamlary) dogry ýola ugrukdyrýarlar we hak (hökümler) bilen adalat ederler.

160. Olary (ýagny, Musa kowumyny) jemag-jemag edip, onki tire-öwlada bölüp goýberdik we Musa kowumy ondan suw soran wagty: "Hasaň bilen daşy urgun" diýip wahyý iberdik. Ine, ondan (daşdan) onki çeşme atylyp çykdy - hemme adamlar özlerine degişli suwy bildiler. Olara çölde buludy saýawan etdik we üstlerinden şirin nygmatlar we bedeneler ýagdyrdyp: "Sizi hoşal eden päk nygmatlarymyzdan iýiň" diýdik. Olar (beren nygmatlarymyza näşükür bolmak bilen) Bize jebir kylmadylar, belki, özlerine jebir ediji boldular.

161. Olara: "Ine, şu obany mesgen tutuň we ondan islän ýeriňizden owkatlanyň hem-de: "Geçirgil!" diýip derwezeden sejde kylyp giriň! (Şonda) günäleri-ňizi geçireris we gözel amal edijilere bolsa (merhemetimizi) artyk ederis" diýen wagtymyzy ýatlaň!

162. Indi, olardan zalym bolan kimseler aýdylan ("Geçirgil!") sözüni başga bir (şoňa äheňdeş) söz bilen çalyşdylar.(Şondan soň) zalym bolandyklary sebäpli, asmandan azap iberdik.

163.(Eý, Muhammet), olardan (ýahudylardan) deňziň alnyndaky oba hakynda (ýagny, gadagan edilendigine garamazdan, balyk awlanlary

hakynda) soraň. Şonda şenbelik eden (ýagny, balyk awlamadyk) günlerinde, balyklar (suw ýüzüne) açyk gelýärdi, şenbelik etmedik günlerinde (ýagny, aw eden günlerinde) bolsa, gelmeýärdi. Olary etagatsyz bolandyklary sebäpli, ine, şeýle synap görýäris.

DÜŞÜNDIRIŞ. Mufassirlerden Kurtubinin, ýazyşyna görä, bu waka Dawud alaýhy-s-salamyň döwründe bolupdyr. Şonda şenbe günleri balyklar san-sadjaksyz bolup, suw ýüzünde akyp gelýär, ertesi bolsa, derýada bir balyk hem galmaýar. Bu pursatdan peýdalanyp, Iblis käbir ýahudylary was-wasa salyp, olar derýanyň çetlerinde saý howuzlar gazyp, şenbe günleri balyklary şoňa gabap, ertesi bolsa, şol howuzlardan tutup gidýär ekenler. Bu kylmyşlary sebäpli, olar Allanyň synagyndan geçip bilmändirler. Ýokardaky aýatda ähtibarsyzlary Taňrynyň geçip bolmaýan bela-synaglara giriftar edýändigine hem yşarat bardyr.

Şonda ýahudylar üç taýpa bölünip galanlar. Bir taýpa ýokarda aýdylan şenbe günlerinde balyk awlaýan etagatsyzlar, ikinji taýpa özlerini bu jenaýatdan saklap, özgeleri hem ondan gaýtarýanlar, üçünji taýpa bolsa, özleri ol gün balyk tutman, özgeleri hem ondan gaýtarmaýanlardy. Aşakdaky aýatda şu üçünji we ikindji taýpanyň arasynda bolup geçen sowal-jogap beýan edilýär.

164. Şonda olardan bir jemagat: "Ne sebäpden Alla tarapyn heläk edilýän ýa-da beter azap berilýän kowuma pent-nesihat edýärsiňiz?" diýenlerinde, olar (ýagny, ikinji taýpadaky adamlar) aýtdylar: "Perwerdigäriňize (kyýamat gününde) üzrümizi (arzymyzy) aýtmak üçin we hökman (olar) Alladan gorksalar diýip (nesihat edýäris)".

165. Haçanda olar (ýagny, ygtykatsyz kişiler) unudanda, bu günä işden gaýtaran ynsanlara najat berdik we zalym kimseleri etagatsyz bolanlary sebäpli, ulug azap bilen tutduk.

166. Indi haçanda olar gadagan edilen işden (gaýtmazdan) nebsi-howa kylanlaryn-dan soň olara: "Betbagt maýmynlara aýlanyň!" diýdik.

167. Şonda Perwerdigäriňiz, elbetde, olaryň üstüne kyýamat gününe çenli ýaman azap bilen jezalandyrýan ynsanlary (Firawuna meňzeş kimseleri) iberjek-digini bildiripdi. Şübhesiz, Perwerdigäriňiziň (dinsizler üçin) azaby çaltdyr (dindarlara bolsa) magrypat ediji mähribandyr.

168. Olary (ýahudylary) ähli ýer ýüzüne jemagat-jemagat edip, bölüp iberdik. Olaryň arasynda ýagşylary (ýagny, imana gelenleri) hem, onuň ýaly dälleri hem bardyr. We Biz olary haýyr bilen hem, şer bilen hem synap gördük - belki, olar imana ýüzlenerler.

169. Olardan soň Kitaba (Töwrada) mirasdar bolan bir öwlat (nesil) geldi ki, olar bu panynyň zatlaryny ýygyp-düýrüp (halal-harama bakman) aldylar we: "Elbetde, biziň günämiz geçiler" diýdiler. Ýene şoňa meňzeş zatlar tötänden gelse hem alyberjekler. Eýsem, olardan Kitapda (Töwratda) Allanyň şanyna diňe hakykaty aýtmak barasynda ähti-peý-man alynmanmydy? Ondaky aýatlary okap öwrenipdiler-ä?! Alladan gorkanlar üçin (bu dünýä matasyndan - jaýlaryndan) ahyret diýary ýagşyrakdyr. Aklyňyzy işletmeýär-siňizmi?!

170.*(Olaryň arasynda) kitaby mäkäm tutan we namazy doly berjaý edenler hem bar bolup, elbetde, Biz olaryň - özlerini düzediji bu kişileriň ajyr-sylagyny reýgan etmeris.*

171.*(Eý, Muhammet), (Tur) dagyny göçürip, olaryň üstlerinde göýä -bir saýawan ýaly göterip durup, olar ony üstlerine ýykylar öýdüp güman edenlerinde: "Biziň size eda eden zadymyzy (Töwraty) mäkäm tutuň we takwa bolmak üçin ondaky aýatlary ýat bekläň!" diýen wagtymyzy ýatlaň!*

172. Perwerdigäriňiziň Adam perzentleriniň billerinden (ýagny, puşty-kemerinden tä kyýamat gününe çenli dünýä gelýän barça) nesillerini toplap: "Men Perwerdigäriňiz dälmi?" diýip, güwä

soralanda, olar: "Hakykatdanam Sen biziň Perwerdigärimiz, biz muňa şaýatdyrys" diýenlerini ýatlaň! (Sizden şunuň ýaly güwälik - ähti-peýman almagymyz) kyýamat gününde: "Biz mundan bihabardyk" diýmezlikleriňiz üçindir.

173. Ýa-da "Eýsem owalky ata-babalarymyz müşrik bolupdyr, biz - ondan soň gelen (we olaryň öwreden ýollaryna eýeren) öwlat bolsak, şol nähak ýolda öten kimseleriň kylmyşlary sebäpli, bizi heläk edermisiň" diýmezlikleri üçindir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Halk arasynda meşhur bolan "almysak, almysakdan galan" diýen sözleriň asyl mazmuny ýokardaky iki aýatdan peýda boldy. Gurhanyň bize düşündirmegine görä, Alla tagalla Öz gudraty bilen Adam alaýhy-s-salamyň bilinden ýaýraýan ähli zürýat, nesilleri çykaryp, olara Özüniň mugjyza-gudratlaryny görkezenden soň: "Hany, aýdyň, Men siziň Rebbiňiz dälmi?" diýende, olar: "Perwerdigär, Özüň ählimiziň Rebbimiz Sen, biz muňa güwä bolduk" diýip Hudaýa ähti-peýman beren ekenler. Şonuň üçin Yslam ulamalary: "Kimde-kim dinsiz bolsa ýa-da dininden çyksa, özüniň Alla beren ähti-peýmanyndan çykan hasaplanýar" diýýärler.

174. Hawa, (dinsizliklerinden)gaýtsynlar diýip aýatlary, ine, şeýle beýan edýäris.

175.(Eý, Muhammet), olara (ýahudylara) bir kimsäniň habaryny aýan ediň - Biz ol kimsä aýatlarymyzy bildiripdik. Indi ol şol aýatlarymyzdan çetleşenden soň, (ýagny, olara amal etmänden soň) ony şeýtan yzyna tirkäp gitdi we ol ýoldan azdy.

176. Eger islesek, ony şol aýatlar sebäpli (ýokary derejä) götererdik. Emma ol ýere (ýagny, düne malyna) berildi we nebsi-howa eýerdi. Indi onuň mysaly göýä bir ite meňzeş bolup, ony kowsaň hem, dilini sallap duruberýär ýa-da (öz halyna) goýsaň hem, dilini asyldyryp duruberýär. Bu Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kimseleriň mysalydyr. Olaryň oýlanmaklary üçin şu kyssalary aýdyň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu iki aýat Musa pygamber döwründäki mal-dünýä berlen bir ýahudy "alym" hakynda hasyl bolan bolsa-da, bu aýatlaryň hökümi bilen ylma amal etmän, dinparazlyk bilen günlerini ötürýän ulamalaryň barçasyna degişlidir. Şeýlelikde ylym adamyň dyýanatyny we ygtykadyny zyýada etmäge derek döwletlilik, baýlyk, maly-dünýä gul etse, ol ylym däldir, belki-jahalatdyr, ýagny, ylymsyzlykdyr.

177. Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kimseleriň mysaly nägadar ýaman boldy we olar özlerine zulum ediji boldular.

178. Alla kime nazar etse, şol hidaýat tapyjydyr. Ol kimi ýoldan azdyrsa, ana, şolar zyýan görüjilerdir.

179. Biziň jynlaryň we ynsanyň köpüsini jähennem üçin ýaradynymyz hakdyr. Olaryň kalblary bar bolsa-da, aňlamaýarlar, gözleri bar bolsa-da, görme-ýärler, gulaklary bar bolsa-da, eşitmeýärler. Olar mal ýalydyr, ýok, olar biakyllykda we bipähimlilikde malça hem ýokdur. Ana, şolar gaflatda galan kimselerdir.

180. Allanyň gözel ismleri (atlary) bardyr. Ony şol atlary bilen çagyryň. Onuň adyna ysnat getirýän kimseleri terk ediň! Olar edip öten amalyna görä tiz jeza alar.

181. Biziň ýaradanlarymyzyň arasynda hak bilen hidaýat edýän we hak bilen adalat edýän bir jemagat hem bardyr.

182. Biziň aýatlarymyzy ýalan diýýän kimseleri bolsa, özleriniň bilmän galjak tarapyndan ýuwaş-ýuwaş heläkete alyp bararys.

183.(Häzirlikçe) olara möhlet berýärin. Elbetde, Meniň "mekirligim" pugtadyr.

184. Olar (öz) hemralarynda (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salamda) hiç hili erk ýoklugyny oýlamadylarmy?! Ol diňe (Allanyň azabyndan) äşgäre gorkuzyjydyr.

185. Älem we Ýer memleketleri hakynda, Allanyň ýaradan zatlary dogrusynda we ajallarynyň ýakynlaşyp gelmeginiň mümkinligi barada oýla-madylarmy? Ondan (Gurhandan) soň (ýagny, oňa ynanmanlaryndan soň), ýene nähili gepe ynandylarka?!

186. Kimi Alla azaşdyrsa, onuň üçin birem ýol görkeziji bolmaz. (Alla) onuň ýalylary öz ýalňyşlyklary bilen azaşyp ýören ýagdaýlarynda terk eder.

187.*(Eý, Muhammet). Sizden: "Wagt (ýagny, kyýamat) haçan bolar?" diýip sorarlar. "Ony bilmek diňe Perwerdigärimiň dergahyndadyr. Wagty-sagady gelende hem diňe Özi äşgär eder. Ol (ýagny, kyýamat) älem we ýer üçin juda agyr bir işdir. Ol size diňe duýdansyz ýagdaýda geler" diýiň. Göýä siz ony oňat bilýänsiňiz öýdüp sorarlar. "Ony bilmek diňe Allanyň dergahyndadyr, Emma adamlaryň köpüsi (muny) bilmeýärler" diýiň.*

188.*"Meniň özüme hem ondan peýda geljegini hem, zyýan geljegini hem bilmeýärin, diňe Allanyň isläni bolar. Eger gaýypdan habardar bolsam, özüme köp ýagşylyk toplardym we maňa hiç hili zyýan ýetmezdi. Men bolsa, diňe iman getiren kowum üçin (dowzah azabyndan) gorkuzyjy we (jennet nygmatlary hakynda) hoşhabar berijidirin" diýiň.*

189. Ol (Alla) sizi bir jandan (Adamdan) ýaratdy we onuň özünden (oňa) hemdem bolar ýaly jübtüni wujuda (dünýä) getirdi. Oňa goşulandan soň, ol ýeňil ýük bilen ýükli bolup, şol (ýük) bilen gezdi. Haçanda agyrlaşanda, (olar) Perwerdigäri Allaga doga kyldylar. "Kasam ki, eger bize salyh (wepaly) perzent berseň, elbetde, şükür edijilerden bolarys".

190. Indi (Alla) olara salyh perzent berenden soň, Oňa (Onuň) Özüniň beren zadynda (ýagny, çaga at goýmakda) çirk getirip başladylar. Ýöne, Alla olaryň çirk getiren zatlaryndan ýokarydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, How ene perzent görende, Iblis gelip, ony ýoldan azdyryp, onuň çagasyna "Abdulhars - ýeriň bendesi" diýip at goýýar. Alladan özgäge bendelik etmek dürs bolmandygy üçin Gurhan How enäniň bu etmişini çirk gatirmek diýip atlandyrdy.

191. Hiç zady ýaratmadyk, gaýta özi ýaradylan zady (Allaga) şärik etdilermi?

192. Olar üçin ýardam etmäge kadyr bolmadyk, hatda özüne özi ýardam edip bilmeýän (zatlary Allaga şärik etdilermi?).

193. Eger olary (ýagny, butlary) dogry ýola çykarsaňyz, siziň yzyňyza tirkeş-mezler (sebäbi, olar jansyzdyr). Siz üçin olary çykarmak özüňiziň ses çykarman, dymyp durşuňyz bilen deňdir (ýagny, olar jogap berip bilmeýärler).

194. Şübhesiz, Alladan özge dileg salýanlaryňyz özüňiz ýaly bendelerdir. Indi, eger rastgöý bolsaňyz, olary çagyryň, hany, olar size jogap bersinler-dä?!

195. Olaryň görmäge gözleri barmy ýa-da eşitmäge gulaklary barmy?

(Eý, Muhammet): "Şol butlaryňyzy çagyryň-da, soňra maňa bir dem möhlet hem bermän hile-mekirlikleriňizi ediberiň (nähili hünär görkezseňiz hem netijesi hiçdir).

196. Aslynda meniň eýäm şu Kitaby inderen Alladyr. Ol salyh bendelere ýardam berer.

197. Ondan özge, siziň çokunýan närseleriňiz size ýardam bermäge kadyr däldir we olar özlerine hem ýardam edip bilmezler.

198. Eger olary dogry ýola çagyrsaňyz, eşitmeýärler. Olar size seredip dursalar-da, sizi görmeýärler" (diýip olara) aýdyň!

199.(Eý, Muhammet), merhemetli boluň, ýagşylygy ündäň we jahyllardan (bozgaklardan) ýüz öwrüň!

200. Eger sizi şeýtanyň was-wasy ýoldan azdyrmakçy bolsa, Alladan pena soraň! Elbetde, Ol eşidiji, bilijidir.

201. Takwalara şeýtan was-wasy ýetişse, (Allany) çagyrýarlar we (onuň netijesini - dogry ýoly) görýärler.

202. Olaryň (şeýtanlaryň) dostlary bolsa, (adamlary) ýoldan azdyrmakda olara (şeýtanlara) kömek berýärler, soň (bu işlerini) duruzmaýarlar.

203. Haçan sen olara bir aýat getirmeseň, "Özüň düzüp bilmeýäňmi?" diýip soraýarlar. "Men diňe Perwerdigärimden gelen wahyýa eýerýärin" diýiň. Bu (Gurhan) iman getiren kowum üçin Perwerdigär tarapyndan görkezme, hidaýat we rahmetdir.

204. Haçan Gurhan okalsa, oňa gulak salyň we üýşüp, jem duruň, (şonda hökman Alla tarapyn) rahmete sezewar bolarsyňyz.

205. Perwerdigäriňize içiňizden ýalbaryp, (ondan) gorkup, ony ir ertir, giç agşam ýat ediň we gapyl kimselerden bolmaň!

206. Elbetde, Perwerdigäriňiziň huzuryndakylar (perişdeler) Oňa ybadat etmegi kiçilik bilmeýärler we Ony alkyşlaýarlar we Oňa sejde edýärler!

DÜŞÜNDIRIŞ. Gurhanyň birnäçe sürelerinde sejde aýatlary bar bolup, bu süräniň soňky aýaty hem şol sejde aýatlarynyň ilkisidir. Şeýle aýat okalanda, okaýana hem, diňleýäne hem bir gezek Alla sejde etmek wajypdyr.

8. OLJA SÜRESI

Bu süre-de Mekgede hasyl bolup, ýetmiş bäş aýatdan ybaratdyr. Onda söz dynçlyk halatlary hem-de ýesir we olja almak dogrusynda Yslam şerigatynda bolan hökümler beýan edilýär. Bu süräniň "Anfal-Olja" diýip atlandarylyşynyň sebäbi şudur.

Yslam taryhyndaky ilki jeňi - Bedr jeňindäki wakalary doly beýan edeni üçin käbir sahabalar muny "Bedr süresi" diýip hem atlandyryp-dyrlar. Yslam ugrundaky söweşleriň içinde "Bedr jeňi" hijri ýyl hasabynyň ikinji ýyly, remezan aýynda, Mekgäniň, uzak demirgazygynda bolup geçýär. Bu jeňde musulmanlar güýçleriniň az bolandygana garamazdan, esgerleriň sanynda hem, harby enjamynda hem özlerinden birnäçe esse artyk bolan müşrikleriň üstünden ýeňiş gazanyp, duşmanyň ýetmiş esgerini öldürýärler we ýetmiş kişini ýesir alýarlar, uly oljalara eýe bolýarlar. Jeň gutarandan soň, olja bölünişiginde käbir musulman-laryň arasynda ylalaşmazlyk ýüze çykanda, olara pent-nesihat etmek, we dogry ýoly görkezmek bilen süre başlanýar. Süräniň soňunda bolsa, möminleriň, watanlarynyň, milletleriniň biri-birinden näçe daş we hilme-hil bolmagyna garamazdan, özleriniň bir ymmatdyklary, şunlukda, dinsiz kimseleriň pitnelerine aldanman, özara dost-dogan bolup ýaşap ötmelidigi hakynda aýdylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. (Eý, Muhammet), sizden olja hakynda soraýarlar. Aýdyň: "Olja Allanyňky we Pygamberiňkidir. Bes, Alladan gorkuň we özara (mynasy-betleriňizi) düzediň. Eger mömin bolsaňyz, Alla we Onuň Pygamberine boýun synyň!" (diýip).

DÜŞÜNDIRIŞ. Bedr jeňinden soň, ele salnan oljalary paýlaşmakda ýaş esgerler bilen garrylaryň arasynda oňuşyksyzlyk ýüze çykýar. Ýaşlar: "Ýeňiş biziň güýjümiz bilen gazanyldy, şonuň üçin oljalar biziňki bolmaly" diýseler, garrylar: "Biz size söweş tilsimlerini, ýol-laryny öwredip durduk,

diýmek, bu oljada biziň hem ülüş-.paýymyz

bar" diýdiler. Şonda ýokardaky aýat hasyl boldy we pygamber alaýhy-s-salam düşen oljany ýaşa, garra dsň paýlap berdi.

2. Diňe Allanyň (ady) zikr edilende, kalbyna gorky düşýän, Onuň aýatlary beýan edilende, imany zyýada bolýan we Perwerdigärine söýenen kişiler (hakyky) möminlerdir.

3. Olar namazy doly berjaý edýärler we Biziň olara joşan zatlarymyzdan haýyr-yhsan edýärler.

4. Ana, şolar hakyky möminler bolup, olar üçin Perwerdigäriň huzurynda (ýagny, jennetde gözel) dereje, magrypat we uly rysk bardyr.

5.(Bu olja paýlaşygynda ýüze çykan dawa) hamana möminlerden bir toparyny (urşy) erbet görseler-de, Perwerdigär öýlerinden (jeň meýdanyna) çykarýan ýaly bolup görünýär.

6.(Şonda) olar göýä göre-bile ölüme howlugyp giden ýaly, Siz bilen aýdyň-röwşen bolan hakykat (ýagny, urşa çykmak) dogrusynda jedelleşdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Medinede Yslam döwleti döränden soň, musulmanlar bilen Mekge müşrikleriniň arasynda nägilelik ýene-de öwç aldy. Müşrikler Mekgedäki jaýlaryny goýup, uzaga giden musulmanlaryň öz diýarlarynda galan mal-mülklerini talaň-taraç edýärdiler, musulmanlar bolsa, öz nobatynda Mekgeden söwda-tijarat üçin çykan kerwenlere hüjüm edýärdiler. Günleriň birinde pygamber alaýhy-s-salama Mekge müşrikleriniň uly kerwen bilen Şamdan (Siriýadan) gaýdanlary mälim bolýar we özlsri bilen bir topar sahabalary alyp, kerweni ele salmak üçin häzirlenýärler. Mundan habar tapan mekgeliler uly leşger bilen musulmanlara garşy jeň etmek üçin Medine tarapa goşun dartyp gelip başlaýarlar. Şonda Alla tarapyn pygamber alaýhy-s-salama kerweni goýup, müşrikleriň leşgeri bilen söweş kylmak emr edildi. Bu habary eşiden käbir musulmanlar: "Taýyn kerwen olja bolup durka, beýle uly goşuna garşy uruşmalymy, özümiz azlyk bolup, üstesine taýýarlygymyz hem ýok

diýişip, pygamber bilen jedele başladylar. Emma sahabalaryň köpüsi Allanyň emrine boýun synyp, kapyrlara garşy jeň etmäge taýýardyklaryny bildirdiler. Bu aýatlar şol taryhy waka hakynda hekaýat edýär. Aşakdaky aýatlarda hem şol hekaýat dowam etdirilýär.

7. Şonda (eý, möminler), Alla iki tarapdan (ýagny, kerwenden we goşundan) birini siz üçin (olja) etmäge wada beripdi. Siz guralsyz, ýaragsyz taýpanyň (kerweniň) özüňiz üçin (olja) bolmagyny islediňiz. Alla bolsa, Öz sözleri bilen hakykaty ýüze çykarmagy we karar tapdyrmagy we kapyrlaryň dowamyny kesmegi isledi.

8,Ol jenaýatçy asylar näçe ýaman görseler-de, haky hak, nähaky nähak etmek üçin (şeýle erada etdi).

9. Şonda Perwerdigäriňizden medet diläniňizde, Ol siziň arzyňyzy kabul edip: "Men size yzly-yzyna gelýän müňläp perişde bilen medet berermen" diýdi.

10. Alla diňe hoşhabar bolsun diýip we köňülleriňiziň hatyrjem bolmagy üçin şeýle etdi. Ýeňiş diňe Allanyň dergahyndan bolar. Hakykatdan hem, Alla Ýeňiş we Hikmet eýesidir.

11. Şonda hatyrjem bolmagyňyz üçin, Sizi Özi uka batyryp päkläp, sizden şeýtan was-wasyny aýyrmak üçin, kalblaryňyzy bir, gadamlaryňyzy mäkäm etmek üçin üstüňize asmandan suw-ýagmyr ýagdyrdy.

12.(Eý, Muhammet), şonda Perwerdigäriňiz perişdelere: "Elbetde, Men siz bilen birdirin, indi siz iman getirenleriň (ýeňiş gazanmaga bolan ynançlaryny) berkidiň! Men dinsiz bolan kimseleriň ýüreklerine gorky salaryn. Indi olaryň boýunlaryny üzüň, ähli barmaklaryny çapyň" diýip wahyý edipdi.

13. Munuň sebäbi, Olaryň Alla we Onuň pygamberine garşy durandyklarydyr. Kimde-kim Alla we Onuň pygamberine garşy dursa, elbetde, Allanyň jezasy gatydyr.

14.(Eý, kapyrlar), ine, şu siziň (jezaňyzdyr) bes, duraweriň. Dinsizler üçin dowzah ody hem bardyr.

15. Eý, möminler, dinsizleriň hüjümine duş geleniňizde, olara arka öwürmäň (ýagny, gaçmaň).

16. Kim ol (uruş) günde jeň tüýsüni özgertmek ýa-da başga bir topar (musulmanlara) goşulmak üçin bolaýmasa (başga ýagdaýda) olara (dinsizlere) arka öwrüp gaçsa, ol Alla tarapyn gazaby öz ýanyna alandyr we jaýy jähennemdir. Nägadar ýaman akybetdir ol!

17.(Eý, musulmanlar), olary siz öldürmediňiz, belki, Alla öldürendir. (Eý, Muhammet, olaryň ýüzüne goluňyzdaky bir gysym topragy) sepen wagtyňyzda, siz sepmediňiz, belki, Alla sepdi. We (bu ýeňşi Alla) Öz tarapyndan musulmanlara gözel sylag bolsun diýip berdi. Elbetde, Alla eşidiji, bilijidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, pygamber alaýhy-s-salam Bedr jeňinde goluna bir gysym toprak alyp: "Ýüzleri gara bolsun diýip, duşman tarapa sepende, gözüni tutmadyk bir müşrik hem galmandyr.

18.(Eý, möminler), ine, bu siziň (sylagyňyzdyr). Elbetde, Alla dinsizleriň hilesini puja çykaryjydyr.

19.(Eý, Mekge müşrikleri), eger Ýeňiş islän bolsaňyz, ine, siziň (zyýanyňyza) ýeňiş geldi. Eger (pygambere garşy uruşmakdan) ýüz dönderseňiz, onda, bu özüňiz üçin ýagşydyr. Eger (ýene urşa) dolansaňyz, Biz hem dolanarys we toparyňyz näçe kän bolsa-da, sizi hiç zatdan (ol köplük) halas edip bilmez, sebäbi, Alla imanlylaryň tarapyndadyr.

20. Eý, möminler, Allaga we Onuň pygamberine etagat ediň we (Gurhanyň diýýänlerini) eşidip durup, ondan (ýagny, pygamberden) ýüz öwrüp gitmäň!

21. We özleri eşitseler-de, "Biz eşitmändiris" diýýänler. ýaly bolmaň.

22. Elbetde, ker we güň bolan akylsyz kimseler Allanyň nazarynda iň ýaman haýwanlardyr.

23. Eger Alla olaryň bir ýagşylygyny bilsedi, elbetde, gulaklaryny açardy we gulaklary açylanda hem, ýüz öwrüp giderdiler (barybir pähimlenmezdiler).

24. Eý, möminler, Alla we Onuň resuly sizi ebedi ýaşaýyş berýän zada (ýagny, dine) çagyrýar, ony kabul ediň we biliň ki, şübhesiz, Alla kişi (her bir adam) bilen onuň kalbynyň arasynda durýar we, şübhesiz, Onuň alnyna toplanjaksyňyz.

25. Diňe siziň araňyzdaky zalym kimselere däl, eýsem, (barçalara barabar ýetýän) synagdan gorkuň! We biliň ki, elbetde, Allanyň azaby gatydyr.

26. We siz ýerde (ýagny, Mekgede) azlyk we naçar bolan halyňyzda, adamlaryň (ýagny, Mekge müşrikleriniň) talap gitmeginden gorkan wagtyňyzda, size ýer berip (ýagny, Medinä göçürip), Öz ýardamy bilen goldap, kuwwatlandyranyny we şükür etmegiňiz üçin päkize rysklar bilen sylaglanyny ýatlaň!

27. Eý, möminler, Allaga we Onuň pygamberine we göre-bile size ynanyp berlen zatlara (ýagny, dine we başga her hili amanatlara) hyýanat etmäň!

28. Bilip goýuň, elbetde, maly dünýäleriňiz we bala-çagaňyz diňe bir pitne-aldawdyr, bolany. (Bular jan çykmagyna girew bolup bilmez). Ulug sylag-sogap bolsa, Allanyň Öz dergahynda (ýagny, ahyretde) bolar.

29. Eý, möminler, eger Alladan gorksaňyz, siz üçin hak bilen nähaky aýrybaşgalaýan hidaýaty eda eder we ýamanlykly günäleriňizi öçürip, size rehim eder. Alla beýik fazly-merhemet sahybydyr.

30.(Eý, Muhammet), dinsiz kimseleriň, sizi ele salmak ýa öldürmek, ýa-da (Mekgeden) çykaryp goýbermek üçin mekirlik eden halatlaryny ýatlaň! Olar mekirlik eder. Alla hem "mekirlik" eder. Alla "mekir"leriň has ýagşysydyr.

31. Haçan olara (dinsizlere) Biziň aýatlarymyz tilewat edilse:

"Eşitdik. Eger islesek, muňa meňzeş gepi özümiz hem aýdyp bilerdik. Bu diňe owalkylardan (köneden) galan rowaýatlar, bolany" diýdiler.

32. Olaryň "Eý, Hudaý, eger, ine, şu (Gurhan) Seniň dergahyňdan gelen hakykat bolsa, üstümizden asman-semadan daş ýagdyryň ýa-da bize ýowuz jeza getirgin" diýenlerini ýatlaň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, "Eger, ine, şu Gurhan hakykatdanam Seniň huzuryňdan gelen bolsa, bizi hem onuň ýoluna hidaýat etgin" diýmezden, "Üstümizden daş ýagdyrgyn" diýişlerinden olaryň kimdigi mälimdir.

33. Eger siz olaryň arasynda bolsaňyz, Alla olara hergiz azap bermez, eger olar rehim sorasalar, Alla azap beriji däldir!

34. Olar adamlary metjidi-al Hyramdan kesseler, Alla olara nämüçin azap bermesin?! (Ýagny, siz we möminler Mekgeden çykyp gideňizden soň, olary, elbetde, azaba duçar eder). Olar onuň (metjidi al-Hyramyň) eýeleri däldir. Onuň eýeleri diňe Alladan gorkýanlardyr. Ýöne olaryň köpüsi (muny) bilmeýär.

35. Olaryň Beýtullah öňünde "ybadatlary" diňe sykylyk we çapak çalmak boldy. Indi (bu gün Bedrde) dinsiz bolanyňyz sebäpli, azabymyzy dadyp görüň.

DÜŞÜNDIRIŞ. Mekge müşrikleri Beýtullahy (Allanyň öýüni) ýalaňaç, çapak çalyp, sykylyk atyp togap edýärdiler. Musulmanlaryň namaz okaýan wagtlarynda hem sykylyk, çapak çalyp, olary ýalňyşdyrjyk bolýardylar.

36-37. Elbetde, dinsiz kimseler mal-dünýälerini Allanyň ýolundan sowmak üçin işledýärler. Goý, ony sarp etsinler, soňra şol (mallary)

özlerine hasrat bolar, soňra ýeňilerler. Alla hapany arassadan (dinsizi dindardan) aýrybaşgalap we näpäk kimseleriň hemmesini üsti-üstüne gatlap, jähenneme salmak üçin dinsiz kimseleri toplaýar. Ana, şolar zyýan görüjilerdir.

38.(Eý, Muhammet), dinsiz kimselere aýdyň ki, eger (dinsizlikden) ýüz dönderseler, öňki günäleri geçiler. Eger ýene dänseler, onda owalkylaryň güni başlarynda bardyr. (ýagny, olaryň hem başyna öňki dinsizleriň güni geler).

39. Tä (dünýäde) birjik hem pitne-aldaw galmaýynça, ähli din diňe Alla üçin bolmagynça olar bilen jeň ediň! Indi eger (dinsizlikden) dönseler, bes, (siz hem urşy durzuň). Elbetde, Alla edýän amallaryňyzy görüjidir.

40. Eger (imandan) ýüz öwürseler, bilip goýuň, Alla siziň penahyňyzdyr. Ol nägadar ýagşy penahdyr we nägadar ýagşy ýardamçydyr!

41. Eger Allaga we (hak bilen nähakyň) aýrybaşgalaşýan gününde - iki jemagatyň çaknyşan gününde bendämize (Muhammede) inderen (aýatlardan we perişdelerden ybarat) zadymyza iman getirýän bolsaňyz, bilip goýuň, olja alan zatlaryňyzyň bäşden biri Alla üçin, pygamber üçin we onuň garyndaş urugy - ýetimler, misginler we mysapyrlar üçindir. Alla hemme zada kadyrdar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şerigat hökümine görä, uruşda gola salnan oljalaryň bäşden dört bölegi esgeriň haky bolup, bäşden biri ýokardaky aýatda sanalanlara sarp edilýär.

42. Şonda siz (Medinä) ýakyn ýerde, olar (ýagny, müşrikleriň goşuny) uzak ýerde, atlylar (ýagny, siziň, oljalap aljak bolan kerweniňiz) bolsa, sizden pesräkde (deňiz ýakasyny boýlap gidýärdiler). Eger (müşrikler bilen söweş etmek üçin owaldan) wadalaşan bolsa- dyňyz, bir anyk wagta gabatlaşyp bilmezdiňiz.

Emma Alla heläk boljaklar (ýagny, dinsizlik ýoluny tutanlar) açyk hüjjet bilen (ýagny, Allanyň gudratyna güwä bolup) heläk bolsunlar, diri galjaklar (ýagny, imana gelijiler) hem açyk hüjjet bilen diri galsynlar diýip, ediljek bolýan işi (ýagny, musulmanlaryň ýeňiş gazanmaklaryny, dinsizleriň heläk bolmagyny) amala aşyrmak üçin (sizi tötänleýin çaknyşdyrdy). Şek-şübhesiz, Alla eşidiji, bilijidir.

43.(Eý, Muhammet), Size düýşüňizde olary Allanyň Özüniň az edip görkezenini ýatlaň! Eger size olary köp edip görkezen bolsa, siz sus bolardyňyz we bu iş (ýagny, dinsizlere garşy urşa çykmak) dogrusynda jedelleşerdiňiz. Emma Alla sizi mundan saklady. Elbetde, Ol ýürekleri gurşap alan syrlary bilijidir.

44.(Eý, möminler), Allanyň, elindäki işi amala aşyrmak üçin çaknyşan wagtyňyzda, siziň gözüňize olary az edip görkezendigini, olaryň gözüne bolsa, sizi az edip görke -zendigini (olary aldamak üçin) ýatlaň! Ähli işler Alla gaýtarylýar.

45. Eý, möminler, dinsiz jemagat bilen garşylaşanyňyzda sabyrly boluň we hemişe Allany ýat ediň. Hökman najat taparsyňyz.

46. We Alla hem-de Onuň pygamberine etagat ediň we (özara) jedelleşmäň, onda sustlaşyp, güýç-kuwwatyňyz gider. Sabyr-takat ediň!

Elbetde, Alla sabyr edýänler bilen biledir.

47. Öz diýarlaryndan (ýagny, Mekgeden) kibri-howa (men-menlik) bilen özlerini adamlara göz edip çykan we Allanyň ýolundan sowlan kimseler ýaly bolmaň! Alla olaryň edýän işlerini gurşap alyjydyr. (gözegçilik edip, görüp durujydyr).

DÜŞÜNDIRIŞ. Müşrikler Mekgeden dabaraly baýramçylyk bilen: "Bedr jeňinden ýeňiş şowhunyny, bezmini edip, şerap süzmeýänçäk dolanmarys" diýip kasam içip çykypdylar.

48. Şonda şeýtan olara edýän işlerini gözel görkezip: "Bu gün sizi ýeňjek bir adam hem ýok, özüm size hemaýatkärdirin" diýdi. Indi haçanda iki jemagat uçraşanda bolsa, yzyna gaýdyp gitdi we : "Elbetde, men sizden bizar men, (musulmanlaryň arasynda) siziň görmeýän zadyňyzy (ýagny, perişdeleriň barlygyny) görýärin. Men Alladan gorkar men, Allanyň azaby gatydyr" diýdi.

49. Şonda mynapyklar we ýüreklerinde merez bolan kimseler: "Olary (ýagny, musulmanlary) dinleri magrur (aldaw) etdi (ýagny, az adam bilen şunça goşuna garşy söweş etmekçi bolýarlar) diýişdiler. (Mynapyklaryň - ikiýüzlüleriň bu sözleri nädogrydyr) kim Alla söýense, bes, (üstünlik) onuňkydyr, elbetde, Alla ýeňiji we hikmetlidir.

50-51. Eger perişdeler dinsiz kimseleriň ýüzlerine we ýeňselerine urup, janlaryny alýan we "Dowzah azabyny dadyň! Munuň sebäbi, öz eden amallaryňyzdyr, ýogsa, Alla hergiz bendelerine zulum ediji däldir" diýjek wagtyny bir görsediňiz.

52.(Olaryň kylmyşlary) Firawun adamlarynyň we olardan öňküleriň kylmyşlaryna meňzeýär: Olar Allanyň aýatlaryna kapyr bolup, Alla olary günäleri zerarly (azap bilen) tutandyr. Elbetde, Alla kuwwat eýesidir we Onuň azaby gatydyr.

53. Muňa (ýagny, olaryň azaba giriftar bolmaklaryna) sebäp: Allanyň bir kowuma engam kylan nygmatyny tä olaryň özleri özgertmeýänçäler (Allanyň olary) özgerdiji däldigi we Allanyň eşidiji hem biliji bolanlygydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda Mekge müşrikleriniň özlerine berlen nygmata - pygamber alaýhy-s-salama gadyr goýman, gaýta oňa garşylyk görkezendikleri sebäpli, azaba giriftar bolandyklary aýdylýar.

54.(Olaryň kylmyşlary) edil Firawun adamlarynyň we olardan öňki kimsele-riň kylmyşlaryna meňzeýär. Olar (Firawun adamlary)

Perwerdigäriniň aýatla-ryny ýalan diýenleri üçin (olary) günäleri sebäpli heläk etdik we (deňize) gark etdik. (Çünki) ählisi zalym kimselerdi.

55. Allanyň ýanynda iň ýaman jandarlar kapyrlardyr. Çünki, olar imansyz-lardyr.

56. Olaryň arasynda siziň bilen ähtleşip, soňra (Alladan) gorkman, her gezek öz ähti- peýmanlaryny bozuberýän kimseler bardyr.

57. Indi, eger olara jeňde gabat gelseňiz, olary (şonuň ýalylary öldürip) yzlaryn -daky kimseleri gorkuzyp goýuň! Eger söze gulak salsaňyz.

58. Eger (araňyzda ähti-peýman bolan) bir kowum tarapyndan dönükligi duýsaňyz, olara (eden ähti-peýmanyňyzy ýatladyp) ähti-peýmany deňme-deň edip taşlaň, hakykatdan hem, Alla dönükleri söýmez!

59. Dinsiz kimseler hergiz gaçyp gutuldyk diýip pikir etmesinler. Olar hiç haçan Allany ejizledip (Allany ýeňip) bilmezler.

60.(Eý, möminler), olar üçin ýagdaýyňyz ýetdiginden güýç we eýerlenen atlary taýýarlap goýuň, şunuň bilen Allanyň we öz duşmanlaryňyzy hem-de olardan başga öz tanamaýan - Allanyň tanaýan başga birewlerini hem gorka salarsyňyz. Imany Alla ýolunda sarp etseňiz, size zulum edilmän, kämil edilip gaýtarylar.

61. Eger olar ýaraşyga meýil etseler, siz hem oňa maýyl boluň we Allaga towakga ediň! Elbetde, Onuň Özi eşidiji, bilijidir.

62-63. Eger olar sizi aldamakçy bolsalar, onda, elbetde, Allanyň Özi size ýeterlidir (medetkärdir). Ol sizi we möminleri Öz ýardamy bilen kuwwatlandyran we olaryň (möminleriň) kalblaryny aşna kylandyr. Eger (siz ýerdäki bar zady sarp etseňiz hem olaryň kalblaryny dost edip bilmersiňiz. Emma Alla olary dost etdi). Elbetde, Ol gudratly,

hikmetlidir.

64. Eý, pygamber, size we size eýeren möminlere Allanyň özi ýeterlidir.

65. Eý, pygamber, möminleri jeňe çagyryň! Eger sizden ýigrimi sany sabyr-takatly kişi bolsa, iki ýüz (duşmany) ýeňer! Eger sizden ýüz kişi bolsa, dinsizlerden müň (ýagyny) ýeňer! Muňa sebäp, olaryň aňsyz kowumdyk- larydyr.

66. Indi Alla sizde ejizlik bardygyny bildi we siziň (ýüküňizi) ýeňil kyldy (ýardam etmäge perişdeleri düşürdi). Bes, sizden ýüz sany sabyr-takatly kişi bolsa, iki ýüz (dinsizi) ýeňer. Eger sizden müň kişi bolsa, Allanyň idini bilen iki müň (dinsiz)i ýeňer. Alla sabyr edijiler bilen biledir.

67. Islendik bir pygamber üçin (owaldan) tä ýerde ýeňiji bolmaýança, ýesir almak ýerlikli däldi. (Eý, möminler), siz dünýä malyny is-leýärsiňiz. Alla bolsa ahyret (nygmat -larynyň) siziňki bolmagyny isleýär. Alla gudratly, hikmetlidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat pygamber alaýhy-s-salam we sahabalaryna berlen temmidir. Olar müşrikleriň ýetmiş esgerini ýesir alyp, soň olary hak alyp (satyp) şol hakyň öwezine boşadyp - azat edip goýberenlerinde, ine, şu aýat hasyl boldy.

68. Eger Allanyň hökümi (bilinmän edilen hatany geçirýändigi) ezelde ýazylyp goýulmadyk bolsady, onda (size) hak alandygyňyz sebäpli, uly azap ýeterdi.

69. Indi oljalap alan zatlaryňyzy halal hökmünde iýiberiň we Alladan gorkuň! Elbetde, Alla rehimli, mähribandyr.

70. Eý, pygamber, siziň goluňyzda ýesir bolan kişilere aýdyň: "Eger Alla kalbyňyzda ýagşylyk (ýagny, iman, yhlas) barlygyny bilse, size özüňizden alnan zatdan (ýagny, tölän hakyňyzdan) ýagşyrak zat

berer we size magrypat eder". Alla magrypatly, mähribandyr.

71. Eger olar size hyýanat etmekçi bolsalar, onda (bilip goýuň) olar öň Alla hem hyýanat edipdiler, (bu halda) Alla (sizi) olardan üstün etdi. Alla bilim, hikmet sahybydyr.

72. Elbetde, iman getiren, hijrana duçar bolan, we maly-janlary bilen Allanyň ýolunda göreşenler we (Mekgeden hijret edip gelen mysa- pyrlara) öý-jaý kömek edenler - ana, şolar biri-birlerine dostdur (ýagny, diri wagtlary bir-birlerine hemra, ölüm ýüze çyksa, bir-birlerine mirasdardyr). Iman getiren, emma hijret etmedik (ýagny, häli-heniz Mekgede ýaşap ýören) kişiler bolsa, tä hijret etmeýänçäler (aýra düşmeýänçäler) siz olara dostluk edip bilmersiňiz (ýagny, bir-birleriňize ýoldaş, hemaýatkär, mirasdar bolup bilmersiňiz). Eger olar din ýolunda sizden kömek sorasalar, kömek etmek borjuňyzdyr. Ýöne olara.

73. Dinsiz kimseler biri birlerine dost, hemdemdirler. Eger şu (höküme amal) kylmasaňyz, (ýagny, dindara dost, dinsize duşman bolmasaňyz) ýerde pitne we uly pysky-pyjurlyk bolar.

74. Iman getiren, hijret kylan we siz bilen bile (din ýolunda) göreşenler we (mysapyrlara) öý-jaý berip, ýardam edenler - ana, şolar hakyky möminler bolup, olar üçin magrypat we bereketli rysgal bardyr.

75.*(Sizden) soň iman getirip, hijret kylan we siziň bilen bile (din ýolunda) göreşenler - siziňkilerdir. Allanyň Kitabynda gan g-aryndaşlar bir-birlerine (mirasdar bolmaga) haklydyrlar. Elbetde, Alla ähli zady bilijidir.*

9. TOBA SÜRESI

Medinede hasyl edilen bu süre bir ýüz ýigrimi dokuz aýatdan ybaratdyr. Ol pygamber alaýhy-s-salamyň sahabalar bilen "Tabuk" jeňinden gaýdanlaryndan ýüze çykyp başlaýar. (Tabuk - Medine bilen Dyşmyk (Damask) arasyndaky haj ýolunyň üstünde ýerleşen ýerdir. Dokuzynjy hijri ýylynda ol ýerde musulmanlar bilen müşrikleriň arasynda söweş bolupdyr). Bu sürede şerigaty Yslamyň köp kanun-kadalaryny beýan etmek bilen bir hatarda, esasan, iki maksat göz öňünde tutulýar: olardan birinjisi yslamyň müşrikler we kitap eýeleri bilen nähili mynasybetde bolmagyň hökmandygy dogrusyndaky berk hökümini bildirmek bolsa, ikinjisi pygamber alaýhy-s-salamyň gazata (gazawata) çykmaga çagyran wagtynda kişileriň ruhunadaky halatlary görkezmekdir. Bu süräniň aýratyn tapawutlarynyň biri-de, Gurhanda bar bolan ýüz on dört süräniň içinde ýeke-täk Bissimillahsyz başlanýan süreligidir. Bu ýagdaýy köbir sahabalar "Toba" mazmuny, täsiri tarapyndan özünden owalky "Olja" süresiniň dowamy bolany üçin ikisiniň arasyny aýyrmagyň zerurlygy ýok diýip düşündirseler, başga bir topar sahabalar: "Bismillah - Allanyň rahmetidir. Bu sürede bolsa, esasan, jeňňi-jedeller we Allanyň, lagnatyna giriftar bolan mynapyklaryň dürli taýpalary hakynda gürrüň barýar. Şol sebäpden onuň başynda Bismillah aýdylmagy zerur bolmady" diýdiler.

Bu süräniň birnäçe ady bar bolup, iň ýörgünlisi "Toba"dyr.

(Şu) Alla we Onuň pygamberi tarapyndan size (özara uruşmazlyk hakynda) ähti-peýman eden müşrik kimselere ara açyklyk (yglandyr).

2.«(Eý, möminler, uruş gadagan edilen) dört aýyň içinde ýerde syýahat ediberiň we bilip goýuň, siz Allany ejiz (güýçsüz) edip bilmersiňiz -ýöne Alla dinsizleri ryswa edýändir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda pygamber alaýhy-s-salamyň we sahabalaryň müşrikler bilen düzen her hili şertnamalarynyň müşrikleriň

hyýanatkärligi sebäpli bozulandygy yglan edildi we bu höküminiň aradan dört aý geçenden soň güýje girýändigi bildirildi.

3. We (işbu) Alla we onuň pygamberi tarapyndan adamlara uly hadj gününde (ýagny, gurban baýramynda) Allanyň we Onuň pygamberiniň müşriklerden bizardygynyň bildirişidir. Bes, (eý, müşrikler), eger toba etseňiz, bu özüňiz üçin ýagşydyr. Eger ýüz öwürseňiz, onda bilip goýuň. Alla siziň öňüňizde ejiz däldir. (Eý, Muhammet), kapyr bolan kimselere alawly azabyň "hoşhabaryny" ýetiriň

4. Meger, (eý, möminler), siz (bilen) ahti-peýman eden müşrik kimseler soň, (ähtlerinden) bir zady bozmasalar we siziň zyýanyňyza birew bilen hemralyk kylmasalar, onda (siz hem) olaryň ähtlerini bellenen mütdete doly ýetiriň! Elbetde, Alla takwalary söýýär.

5. Uruş gadagan edilen aýlar geçenden soň, müşrikleri gören ýeriňizde öldüriň, (ýesir) alyň, gabaň we ähli ýollarda olary göz astyna alyň Indi eger toba etseler, namazy doly berjaý edip, zekaty berseler, ýollaryny kesmäň! Elbetde, Alla geçirimli, mähribandyr.

6.(Eý, Muhammet), eger müşriklerden haýsy-da bolsa biri sizden hemaýat sorasa, onda, oňa hemaýat ediň, goý, Allanyň kelamyny eşitsin. Soň ony özi üçin rahat boljak ýere eltiň. Bu (höküm) olaryň (hakykaty) bilmeýän (jahyl) kowum bolandyklary üçindir.

7. Allanyň alnynda we Onuň pygamberiniň öňünde müşrikler üçii nähili ähti-peýman bolsun?! (Ýagny, hiç hili äht bolmagy mümkin däl, çünki, olar Alla hem, Onuň pygamberine hem iman getirmeýärler, diýmek, beren wadalaryny bozuberýärler), meger, siz (bilen) Metjit-al Hyramyň öňünde (ýagny, Mekgede) wadalaşan kimseler bar bolup, olar (haçan) wadalarynda tapylsa, Siz hem wadaňyzda tapylyň! Elbetde, Alla takwalary ýagşy görýär.

8.(Olar üçin) nähili (ähti-peýman) bolsun. Haçanda olar ýeňiş gazansalar, siz meselede ne ähte. ne-de borja bakýarlar. Dillerinde sizi razy edýärler, keňüllerinde bolsa,(ähtde durmaga) namys edýärler. Olaryň köpüsi etagatsyzdyr.

9. Olar Allanyň aýatlaryny azajyk gymmata çalşyp, Onuň ýolundan tesdiler. Hakykatdan hem, olar iň ýaman iş etdiler!

10. Olar islendik bir mömin dogrusynda ne ähte. ne borja bakdylar, Olar jenaýatkärlerdir.

11. Indi eger toba kylsalar, we namazy doly berjaý edip, zekady berseler, onda dini doganlaryňyzdyr. Biz aýatlarymyzy bilmeýän kowum üçin aýdyň beýan edýäris.

12. Eger ähtleşeniňizden soň, kasamy bozsalar we siziň diniňize daş atsalar, onda (bu kylmyşlaryndan) saklanmaklary üçin (bu) küfr ymamlaryna garşy jeň ediň! Sebäbi, olar üçin hiç hili kasam ýokdur,

13.(Eý, möminler), kasamy bozan we pygamberi (Mekgeden) çykaryp goýbermekde kast eden hem-de özleri owaldan size garşy (söweşi) başlan kimseler bilen jeň etmezmisiňiz?! Olardan gorkýaňyzmy?! Eger (hakyky) mömin bolsaňyz, siziň gorkmalyňyz Allaňyz ahyry?!

14-15. Olar bilen söweş ediň, (şonda) Alla olary siziň goluňyz bilen azaplaýar, ryswa edýär we size olary ýeňmäge güýç berýär hem-de mömin kowumlarynyň kalblaryny gandyryp, köňüllerindäki gaýgy-gamy dep edýär. Alla Özi islän kişileriniň tobasyny kabul eder. Alla bilim we hikmet sahybydyr.

16.(Eý, möminler) belki, siziň araňyzda (hak ýola) yhlas edip göreşen we Alladan, Onuň pygamberinden we möminlerden özge bir kimsäni dost tutmadyklary Alla bilmezden (ýagny, synag etmän öz halyna) goýar öýdensiňiz? Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

17. Müşrikleriň öz- kapyrlyklaryna güwä bolanlarynda, Allanyň metjit-lerini bejermegi dogry däldir. Olaryň eden amallary bihuda gider, özleri bolsa, dowzahda ebedi galarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Müşrikler Käbe etrapyna her hili butlary. goýup, her sapar Käbe togap edenlerinden soň, hälki butlara sejde edýärdiler. Ýokardaky aýat, eger müşrikler özleriniň ýasan butlaryny ýalňyz Allaga şärik hasaplasalar, olaryň Käbe eden ybadat-togaplary bihuda bolar diýip düşündirýär.

18. Allanyň metjitlerini Alla we ahyret gününe iman getiren, namazy doly berjaý eden, zekaty beren we diňe Alladan gorkýanlar abat ederler. Ana. şolar dogry ýoldan barýanlardyr.

19.(Eý, müşrikler), siz hajylara suw bermegi we Metjit al-Hyramy abat etmegi - Allaga we ahyret gününe iman getiren hem-de Alla ýolunda göreşenleriň (amalyna) deň diýip bildiňizmi?! Olar (ýagny, möminler bilen müşrikler) Allanyň alnynda deň däldirler. Alla zalym kowumy hidaýat etmez.

DÜŞÜNDIRIŞ. Müşrikler musulmanlara garap: "Siz Allaga musul-manlyk bilen bendelik eden bolsaňyz, biz hem haja baranlaryň hyzmatlaryny edip we Käbäni abat kylyp, Allaga bendelik etmekçidik" diýip dawa edenlerinde, işbu aýat hasyl boldy.

20. Iman getiren, hijret kylan we Alla ýolunda maly-janlary bilen göreşenleriň Allanyň nazarynda derejeleri juda uludyr we şolar bagt-sagadata eýedirler.

21. Perwerdigäri olara Öz tarapyndan rahmet we razylyk hem-de olara dahyl boljak jennet hoşhabaryny berýär ki, ol jennetlerde baky nygmatlar bardyr.

22. Olar şol ýerlerde baky galarlar. Hakykatdan hem, diňe Allanyň alnynda gözel sylag bardyr.

23. Eý, möminler, eger imandan küfri ýokary tutsalar, (hatda) ata-ene- leriňizi we aga-inileriňizi (hem) dost tutmaň! Siziň araňyzdan kimde-kim olary dost tutsa (ýagny, olar diýip imandan küfre gaýtsalar), onda olar zalymlardyr.

24.(Eý, Muhammet): "Eger ata-eneleriňiz, çagalaryňyz, aga-inileriňiz, jübütleriňiz (aýallaryňyz) agaýy-garyndaşlaryňyz we kesp edip gazanan mal-dünýäleriňiz, geçmän galmagyndan gorkan satlyk harytlaryňyz, dükanlaryňyz hem-de oňat görýän öý-jaýlaryňyz size Alladan, Onuň pygamberinden we Onuň ýolunda jihat etmekden eziz bolsa, onda tä Alla Öz emrini (ýagny, azabyny) getirýänçä, garaşyp duruberiň. Alla boýun synmadyk kowuma ýagşylyk etmez" diýip aýdyň.

25. Alla sizi köp ýerde ýeňiji kyldy. Hunaýyn (Mekge bilen Taýf aralygyndaky düzlük) gününi (ýatlaň)! Şonda siziň köpdügiňiz öz-özüňizi şat edipdi, emma ol (ýagny, sanyňyzyň köplügi) sizi hiç zatdan gutaryp bilmedi we size giňiş ýer dar bolup galdy, soň ýüz öwrüp (yza) çekildiňiz!

26. Soň Alla pygamberine we meminlere Öz tarapyndan hatyrjemlik berdi we görmedik leşgeriňizi (perişdeleri) düşürdi hem-de dinsiz kimseleri azaba duçar etdi. Kapyrlaryň jezasy şoldur.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda Gurhan uruşda ýeňmegiň sebäbi leşger sanynyň köplügi däl-de, belki, Allanyň medetiniň gerekdigini takyklaýar. Şol Hunaýynda (hijri senesiniň sekizinji ýyly) musulmanlaryň leşgeri on iki müň bolup, kapyrlar bolsa, dört müň adamdy. Şonuň üçin käbir musulmanlar: "Şu bir sähel adamdan ýeňilerismi?" diýip öwündiler we ýeňşiň Alla tarapyn bolýandygyny unutdylar. Netijede kapyrlar olardan üstün gelip, olar çekilip başladylar. Diňe pygamber alaýhy-s-salam Alla dileg dogasyny edenden soň, möminleriň kalblaryna bir hatyrjemlik inip, söweşe gaýtdylar we Allanyň medeti bilen kapyrlardan üstün çykdylar.

27. Soň - şol (söweşden) soň, Alla Özi islän kişileriniň tobasyny kabul eder. Alla geçirimli, mähribandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, Hunaýynda musulmanlara garşy jeň eden Howazyn tiresinden örän köp adam şol jeňden soň, Allaga toba kylyp, yslama girdiler.

28. Eý, möminler, hiç hili şek-şübhesiz, müşrikler näpäk kimselerdir, bes, olar bu ýyldan soň, Metjit al-Hyrama golaý gelmesinler! Eger siz (müşrikleriň haj möwsüminde Mekgä getirýän azyk-owkatlarynyň we başga zatlaryň gelmän galmagy sebäpli) kemmagallykdan gorksaňyz (bilip goýuň), ýakynda, Alla halasa, Öz fazly-keremi bilen baý-döwletli eder. Elbetde, Alla bilim-hikmet sahybydyr.

29. Allaga we ahyret gününe ynanmaýan, Allanyň we Onuň pygamberiniň haram diýen zadyny haram diýip bilmeýän, Hak (ýagny, yslam) dinine ygtykat etmeýän kitap eýelerinden ybarat bolan kimselere garşy, tä ýeňlen hallarynda öz elleri bilen (boýnundaky) salgydy töleýänçäler, jeň ediň!

30. Ýahudylar: "Uzaýr Allanyň ogly" diýdiler. Nasranylar: "(Isa) Masyh Allanyň ogly" diýdiler. Bu olaryň dillerindäki geplerdir. Olar hem edil owalky kapyr bolan kimselere meňzeýär. Olary Alla näletlegeý! Nähili ýalňyşýandyklaryny bilselerdi!

31. Olar Allany goýup, özleriniň danyşmentlerini we rahyblaryny (din hadymlaryny) hem-de Masyh bilen Meremi Perwerdigär hasapladylar. Aslyn- da, diňe ýeke-täk Allaga bendelik kylmaga magmur (buýrlan)dyrlar. Hiç ylah ýok, meger, Onuň Özi bardyr. Ol olaryň şäriklerinden päkdir.

32. Olar Allanyň nuruny (ýagny, yslamy) dilleri bilen öçürmekçi boldular. Alla bolsa, (kapyrlar) hernäçe islemese-de, diňe Öz nuruny doly (ýagny, her tarapa) ýaýmagy isleýär.

33. Ol (Alla) Öz pygamberini hidaýat we hak din bilen - gerçe müşrik- ler islemese-de barça dinlerden üstün etmek üçin

iberendir.

34. Eý, möminler, şol danyşmentleriň, rahyblaryň köpüsi adamlaryň mallaryny nähak (ýol) bilen iýýärler we Allanyň ýolundan sowulýarlar. Altyn - kümüşi ýygnap (öz mülküne öwürip) ony Alla ýoluna haýyr-yhsan etmeýänlere alawly azabyň bardygynyň "hoşhabar"yny ýetiriň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda adamlaryň pullaryny, mallaryny talaň-taraç edýän ýahudy dindarlary we nasrany rahyblary bilen birlikde musulmanlaryň arasynda hem käbir baýlyga öte gyzygan we toplan mal-dünýälerindep zekadyny bermeýän kimseleriň hem elhenç azaba duçar boljagy beýan edilendir.

35. Ol günde (kyýamatda) şol (altyn-kümüşi) jähennem odunda gyzdyryp, onuň bilen olaryň mańlaýyna, aýasyna we arkasyna tagma basylyp: " Ine, şu özüňiz üçin toplan zatlaryňyzdyr. Indi ýygnan zatlaryňyzyň mazasyny dadyp görüň" diýiler.

36. Elbetde, Allanyň hasabynda, Allanyň asmanlary we Ýeri ýaradan gününde belgiläp goýşy ýaly, aýlaryň sanawy on ikidir. Olaryň dördüsi uruş gadagan edilen aýlardyr. Ine, şu hak dindir (ýagny, hak hökümdir). Şol aýlarda (urşy halal diýip jeňe girip) özüňize zulum kylmaň! Barça müşrikleriň (bu höküme garaman) size garşy jeň edişi ýaly (birinji bolup jeňe baş- lasalar) siz hem barçaňyz (bolup) olara garşy jeň ediň! We bilip goýuň, Alla takwalar bilen biledir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Uruş gadagan edilen aýlar: "Zul-kada, Zul-hiçje, Muharram we Rejep aýlarydyr. Olaryň başky üçüsi yzba-yz gelse, Rejep aýy aradan bäş aý ötenden soň gelýär. Bu tertip Ybraýym pygamber zamanyndan bäri amal edilip gelen hak hökümdi. Emma soňabaka käbir araplar bu kanuny bozup, özlsriniň jeň edip ýören wagtlarynda ýokardaky aýlar gelse, olarda uruş etmegi halal edip we özleri üçin amatly bolan başga aýlary haram aý diýip yglan edýärdiler. Nobatdaky aýatda, ine şu adat hakynda söz açylyp, onuň nädogrydygy takyklanýar.

37. Şek-şübhesiz, (haram aýlary) yza çekmek artyk derejedäki kapyrlyk bolup, ol sebäpli, kapyrlar (bütinleý) ýoldan azaşýarlar. Olar Allanyň haram eden aýlarynyň sanagyny (dört aýa) dogrulap, Allanyň haram eden zadyny halal etmek üçin ony (ýagny, uruş haram edilen aýlary) bir ýyl halal diýseler, ýene bir ýyl haram diýýärler. Olara bu erbet işleri gözel (makul) göründi. Alla kapyr kowuma hidaýat etmez.

38. Eý, möminler, size näme boldy ki, "Alla ýolunda jihada çykyň" diýilse, öz ýeriňize (ýagny, ýurduňyza) ýapyşyp ýatyrsyňyz?! Ahyret (nygmatlaryn)dan ýüz öwrüp, ýaşaýyşa (pany dünýäniň lezzetleriiýe) kaýyl bolýarmysyňyz?! Ahyret öňünde bu dünýäniň matasy örän az zatdyr-la?!

39. Eger (jihada) çykmasaňyz, (Alla) sizi içýakyjy agyr azap bilen horlar we deregiňize başga bir kowumy getirer. Siz bolsa, Oňa birem zyýan ýetirip bilmersiňiz. Alla hemme zada kadyrdyr.

40. Eger siz oňa (ýagny, pygambere) kömek etmeseňiz, (Allanyň Özi oňa kömek eder). Olar bary-ýogy iki kişi wagtynda (ýagny, bir ýoldaşy bilen Mekgeden) kowup çykaranlarynda, Alla oňa kömek bermänmidi?! Şonda ikisi gowakda bolan wagtlarynda, ýoldaşyna: "Gamgyn bolma, şübhesiz, Alla biziň bilen biledir" diýende, Alla onuň üstüne hatyrjemlik düşürdi we ony siziň görmedik leşgeriňiz (perişdeler) bilen goldap, kuwwatlandyrdy hem-de dinsiz kimseleriň sözlerini ýalana çykardy, Allanyň sözi diňe beýik sözdür. Alla gudratly, hikmetlidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat pygambsr alaýhy-s-silamyň Mekgeden Medinä hijret kylmagy hakyndadyr. Mekge müşrikleri zulum-sütem bilen musulmanlary yslamdan döndermäge güýçleriniň ýetmejekdigine göz ýeti-renlerinden soň, pygamberiň janyna kast etmek ýoluna düşýärler. Şonda oňa Alla tagalla tarapyndan Medinä hijret etmek - göçmek emr edilýär. Bir garaňky gije ony öldürjek bolup taýýarlanyp duran kapyrlaryň

ýanyndan Allanyň kömegi bilen sag-salamat çykyp gidip, ýoldaşy Abu Bekr Syddyk bilen bile Mekgäniň golaýyndaky bir gowagyň içinde gizlenýärler. Ertiri "awlarynyň" elden gidendigini aňşyran müşrikler olaryň yzyndan kowýarlar. Ýöne şol gowaga ýetip gelenlerinde yz ýitýär. Olar gowagyň agzyny mör-möjegiň kerebiniň baglap gidendi-gini, ol kerebe bir kepderiniň ýumurtga taşlandygyny hem görýärler howsala düşüp, yzlaryna dolanýarlar.

Şeýdip, şol gowakda olar üç günläp gizlenip ýatanlaryndan soň, ýolbelediň baştutanlygynda Medinä baryp ýetýärler. Aslynda, bu aýat pygamber alaýhy-s-salam we onuň ýoldaşy dogrusynda bolsa-da, kyssadan çykýan many şu bolup, kimde-kim Alla ýolunda, Onuň Özunden medet diläp ýagşylyga gadam goýsa, Allanyň Özi ony her dürli betbagtlykdan gorap, niýetlän maksadyna ýetirýändir.

41.(Eý, möminler), isle ýeňil, isle agyr halyňyzda (ýagny, isleseňizem, islemeseňizem jihada) çykyň we malu-janlaryňyz bilen Alla ýolunda göreşiň! Eger bilseňiz, şu özüňiz üçin ýagşydyr.

42.(Eý, Muhammet), eger (siziň başlaýan jihadyňyz) aňsat peýda we ýakyn sapar bolan -lygynda, olar (ýagny, mynapyklar) elbetde, size tirkeşerdiler. Ýöne olara aralyk daş göründi (şonuň üçin çykmadylar). Häli olar özlerini heläk edip (boglup): "Eger kadyr bolanymyzda siz bilen bile çykardyk" diýip, (ýalan) kasam hem içdiler. Alla bolsa, olaryň, hiç şek-şübhesiz, ýalançydyklaryny bilýär.

43.(Eý, Muhammet), Alla sizi bagyşlady, (ýöne) nämüçin tä size rastgöý kişiler anyk bolup, ýalançylary hem anyk bilýänçäňiz, olara (jihada çykmazlyk üçin) idin berdiňiz?!

44. Allaga we ahyret gününe ynananlar sizden malu-janlary bilen jihad etmek-den (etmek üçin) idin soramaýarlar. Alla takwalary bilijidir.

45. Belki, diňe Allaga we ahyret gününe ynanmaýan we göwünlerinde şek-şübhe bolan kimseler sizden (galmak üçin) idin soraýandyrlar. Çünki, olar öz şübhelerinde ýaýdanyp ýörýärler.

46. Eger olar (jihada) çykmagy islän bolsalar, onuň üçin taýýarlyk görerdiler. Emma Alla çykmaklaryny islemän, olary halaman saklady we olara: "Galanlar (ýagny, aýallar, ýaş çagalar we ejiz natuwan kişiler) bilen bile oturyberiň" diýildi.

47. Eger olar siziň bilen bile çykanlarynda hem, size diňe artykmaç zyýan bolardy we arada sizi pitnä salmak üçin ýüwrüp-ýelip ýörerdiler hem-de araňyzda olara gulak salanlar hem tapylardy. Alla zalym kimseleri bilijidir.

48. Olar ozal - heniz hakykat ýüze çykyp, Allanyň dini üstün bolmanka hem, gozgalaň etmekçi bolupdylar we siziň işleriňizi yza tesdirmekçi bolupdyrlar-a.

49. Olaryň arasynda: "Maňa jeňden galmak üçin idin bergil, meni gozgalaňa salmagyl" diýýän kimseler hem bardyr. Äge boluň ki, olar (jeňden galmak sebäpli eýýäm) gozgalaňyň özüne düşdüler. Şek-şübhe ýokdur ki, jähennem kapyrlary gurşap alyjydyr.

50. Eger size bir ýagşylyk (ýeňiş ýa-da olja) ýetse, bu olaryň gaharyny getirer. Eger size (Uhud jeňinde bolşy ýaly) bir musybat (kynçylyk, ýamanlyk) ýetse, "Biz beýle boljagyny öňünden oýlanypdyk" diýişip, hoşal ýagdaýda ýüz öwrüp giderler.

51."*Bize diňe Allanyň biz üçin ýazyp goýan zady ýeter. Ol biziň eýämizdir. Bes, imanly kişiler diňe Allanyň özüne söýensinler" (diýip) aýdyň.*

52."*Siz bizden diňe iki ýagşylygyň (şehit bolmagymyzyň ýa-da ýeňiş gazanmagymyzyň) birine garaşýansyňyz. Biz bolsa, Allanyň Öz dergahyndan ýa-da biziň elimiz bilen size bir azap ýetirmegine garaşýarys" (diýip) aýdyň.*

53. Aýdyň: "(Eý, mynypyklar), ha öz islegiňiz bilen, ha mejbury haýyr-yhsan ediň, (barybir) sizden hergiz kabul kylynmaz. Çünki,

siz etagatsyz kowum bolduňyz" (diýip).

54. Eden haýyr-yhsanlarynyň (Allanyň dergahynda) kabul edilmegine päsgel beren zat diňe olaryň Alla we Onuň pygamberine iman getirmändikleri, namaza islän wagtlary gelmekleri we haýyr-yhsany hem gönemän edendikleridir.

55. Bes, sizi olaryň mal-dünýäleri we bala-çagalary gyzyklandyrmasyn! Çünki, Alla şol zatlar sebäpli, pany dünýäde azap-ukybat bermegi we kapyr bolan hallarynda janlarynyň çykmagyny isleýär, bolany.

56. Olar özleriniň siz bilen biledíklerine Allanyň adyndan kasam! içýärler. Aslynda, olar siz bile däldir. Olar diňe gorkak kowumlardyr! (ýagny, myna-pyklylary mälim bolaýsa, başga dinsizleriň düşen gününe düşmekden gork- ýarlar).

57. Eger olar bir gaçybatalgamy, gowakmy ýa-da bir sümelge tapsalar, şoňa tarap ylgap giderdiler.

58. Olaryň arasynda sadakatlar (olja, haýyr-yhsan) dogrusynda size tagna ediji kimseler hem bardyr. Bes, eger şol sadakatlardan olara hem berilse, razy bolýarlar, eger birden berilmese, närazy bolýarlar.

59. Eger olar Allanyň we Onuň pygamberiniň olara beren zadyndan razy bolup: "Alla (ryskyny) biz üçin kipaýa edýär. Ýakynda Alla Onuň pygamberi bize Öz fazly-kereminden (mal-dünýä hem, bagg-sagadat; hem) berer, biz Allanyň Özüne ymtylyjy kişilerdiris" diýselerdi (onda özleri üçin ýagşy bolardy).

60. Elbetde, sadakalar (ýagny, zekat) Alla tarapyn parz bolup, diňe pakyrlara, misginlere, sadaka toplaýjylara, köňüllerini (yslama) bagyş eden adamlara, boýunlarynda (gullary) azat etmäge bergi bar kişilere we Alla ýolundakylara (ýagny, jihada ýa-da haja gidenlere) hem-de ýolagçy mysapyrlara berler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Zekat yslam dinindäki parz amallaryň biridir. mukdarda (biziň hasabymyza görä dört müň manat) baýlyga eýe kişiniň şu puluň kyrkdan birini zekat edip bermegi parzdyr. Ýokardaky aýatda, ine şu zekady kimlere bermelidigi anyk düşündirilýär. Diýmek aýdylan kişilerden başga birewe berlen zekat yslam nazarynda makul däldir.

61. Olaryň arasynda pygambere azar beren we "Ol (ýagny, pygamber) gulak salyjy (ýagny, eşiden zadyna ynanyp ýören sada gul kişi)" diýýän kimseler bardyr. Aýdyň: "(Hawa, ol) siziň üçin ýagşylyk bolan zada gulak asyjy, Allaga iman getiriji, musulmanlara ynanýan we siziň araňyzdaky iman geti- renler üçin rahmet (merhemet görkeziji) resuldyr. Allanyň pygamberine azar beren kimseler üçin bolsa, alawly azap bardyr" (diýip).

62.(Eý, möminler), olar sizi razy etmek üçin: "(pygambere azar bermedik" diýip) Allanyň adyndan kasam içerler. Aslynda, eger mömin bolandyklarynda, Allany we Onuň pygamberini razy etmek laýykdy.

63. Olar kimde-kim Allanyň we Onuň pygamberiniň çyzan çyzygyndan çyksa, özleri üçin öz ebedi galjak jähennemindäki ataş barlygyny we munuň ulug ryswalykdygyny bilmeýärlermi?!

64. Bu mynapyklar özleri hakynda ýüreklerindäki zatdan (ýagny, mynapyk- lyklaryndan) ägä edýän bir süräniň inderilmeginden gorkýarlar (üstesine-de pygamberi we möminleri masgaralap gülýärler).Aýdyň: "Gülüberiň, Alla sizi (paş edýän) zady (ýüze) çykaryjydyr!" (diýip).

65. Kasam ki, eger olardan (nämüçin siziň üstüňizden gülendikleri hakynda) sorasaňyz, elbetde, olar: "Biz diňe bäsleşip, degişip gülýändiris, bolany" diýýärler. Aýdyň: "Allanyň, Onuň aýatlarynyň, Onuň pygamberiniň (üstünden) gülüji bolduňyzmy?" (diýip).

DÜŞÜNDIRIŞ. Pygamber alaýhy-s-salam sahabalar bilen "Tabuk" jeňine gidip barýarkalar, esgerleriň arasyndan birtopar mynapyklar biri-birine:

"Ine, şu adamy görüň, öz ýanyndan Şam diwarlaryny we galalaryny eýelejek bolup ýörd-ä!" diýip masgaralaýardylar. Allanyň pygamberi olardan habarly bolup: "Nämüçin güldüňiz?" diýip soranda, olar: "Eý, Allanyň pygamberi, biz ýoly gysgaltmak üçin oýun-henek edip gulýäris, bolany" diýip, aldajak bolupdyrlar.

66. Üzür soramaň! Siz iman getireniňizden soň, ýene küfre gaýtdyňyz. Eger sizden bir taýpany (çyn yhlas bilen toba edenleri üçin) bagyşlasak, başga bnr taýpany jenaýatçy bolandyklary sebäpli azaplarys.

67. Mynapyk erkekler we mynapyk aýallar biri-birlerindendir (ýagny, dinsizlikde bir-birlerine meňzeýärler). Olar ýamanlyga buýrýarlar, ýagşy- lykdan saklanýarlar we (Alla ýolunda haýyr-yhsan etmekden) gollaryny (özlerini) çekýärler. Olar Allany unudandan soň, Alla hem olary unutdy. Elbetde, manypyklar hakyky pasyk-etagatsyzlardyr.

68. Alla mynapyk erkeklere we aýallara hem-de kapyrlara olara ebedi miýesser boljak jähennem ataşyny wada etdi, şol hem olara ýeterlikdir. Alla olary lagnatlady. Olar üçin dowamly azap bardyr.

69.(Eý, mynapyklar), siz hem edil sizden ozal öten (mynapyk)lara meňzeýärsiňiz. Olar size görä kuwwatlyrakdy we mal-mülkleri, bala-çagalary hem köpräkdi. Bes, (bu dünýädeki) öz nesibelerini gördüler. Siz hem ozal ötenleriň nesibelerini görşi ýaly, öz nesibeleriňizi gördüňiz we olaryň çümen zadyna (ýagny, nähak ýola) çümdüňiz. Olaryň (ýagny, ähli mynapyklaryň) eden amallary ahyret dünýäde bihuda gitdi. Ana, şolar hakyky zyýan görüjilerdir.

70. Olara özlerinden ozal öten kişiler Nuh, Aat, Samud kowumlarynyň we Ybraýym kowmunyň, Madýan ilatynyň (ýagny, Şuýab kowmunyň) hem-de weýran bolan obalaryň (ýagny, Lut kowmunyň) obalarynyň haly(nyň nähili bolanynyň) habary ýetmedimikä?! Olara pygamberleri açyk delil-hüjjet- ler getiripdiler

(şonda olar pygamberi ýalançy edenden soň, bu kowumlaryň, üstüne Allanyň belalary ýagylypdy). Bes, Alla olara zulum etmedi, gaýta özleri özlerine zulum etdiler.

71. Mömin we mömineler biri-birlerine dostdurlar. Olar ýagşylyga buýurdylar, ýamanlykdan saklandylar, namazy doly eda etdiler, zekaty berdiler, Allaga we Onuň pygamberine etagat etdiler. Ana, şolara Alla rehim eder. şek-şübhesiz, Alla gudratly, hikmetlidir.

72. Alla mömine, mömin aýallara aşagyndan derýalar akyp duran, olaryň ebedi ýaşajak jennetleri we uçmah baglaryndaky päkize mesgenleri wada kyldy. Allanyň razylygy bolsa, hemme zatdan ulugdyr. Ine, şu hakyky uly bagtdyr.

73. Eý, pygamber, kapyrlara we mynapyklara garşy göreşiň we olara berk daraň. Olaryň jaýlary jähennemdir. Nägadar ýaman akybet bu!

74. Olar (ýagny, mynapyklar size ýetip gelen ykarat sözlerini) aýtmadyk- laryna kasam içýärler. Aslynda, küfr sözüni anyk aýdandyrlar we yslama girenlerinden soň, ýene küfre gaýdandyrlar hem-de öz ýetibilmedik zatlaryna (ýagny, pygamberi öldürmäge) kast edendirler.

> *Alla we Onuň pygamberi olary Öz fazly-kereminden boş-bidöwlet edip goýany üçin (olar hetdlerinden aşyp, Allany we Onuň pygamberini) ýaman gördüler, bolany. Bes, indi toba etseler, özleri üçin oňat bolar. Eger ýüz öwürseler, Alla olary ahyret dünýäde alawly azap bilen azaplar we olara hiç bir dost, ýardamçy bolmaz!*

75. Olaryň arasynda: "Kasam ki, eger Alla bize Öz fazly-kereminden (mal-döwlet) eda kylsa, elbetde, biz hem kemmagallara sadaka bererdik we salyh bendelerden bolardyk" diýip, Allaga ähti-peýman edýän kimseler hem bardyr.

76. Indi haçanda Alla olara Öz fazly-kereminden (mal-döwlet, eda kylsa), oňa bahyllyk ederler we ýüz öwrüp giderler.

77- Bes, (sadaka bereris) diýip, Allaga beren wadalaryna hylap edenleri (ikirjiňlänleri) we (iman getirendiris) diýip, ýalan sözlänleri sebäpli, (Alla) tä Onuň Özüne ýüzbe-ýüz boljak Günlerine çenli olaryň ýüreklerine ikiýüzlüligi hemra kyldy.

78. Olar Allanyň olaryň ýaşyrýan syrlaryndan hem, özara pyşyrdy-laryndan hem habardarlygyny we Allanyň görünmeýän zatlary hem anyk bilýändigini bilmedilermi?!

79. Möminleriň arasyndan öz islegi bilen sadaka edýän adamlary we (haýyr-yhsan etmek üçin) güýçleri ýeten zady tapyp gelen kişileri aýyplap, masgara edýän kimseleri Alla masgara eder we olar üçin eýmenç azap bardyr.

80.(Eý, Muhammet), ha olar üçin magrypat soraň, hala rehim soramaň - eger ýetmiş mertebe olar üçin magrypat sorasaňyz hem, Alla olara asla geçirim etmez. Muňa sebäp, olaryň Alla we Onuň pygamberine kapyr bolandyklarydyr. Alla bolsa, etagatsyz kowumy hidaýat etmeýär.

81.(Jihada çykmakdan) galan (gaçan) mynapyklar Allanyň pygamberine hylap (dönüklik) edenlerinden hoşal boldular we malu-janlary bilen Alla ýolunda jihad etmegi islemediler hem-de (biri-birlerine): "Bu yssyda urşa çykmaň" diýdiler. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Eger olar oňlaýan bolsalar, jähennem ataşy has yssyrakdyr".

82. Bes, özleriniň kesp eden zatlarynyň (ýagny, dinsizligi saýlanlarynyň) jezasyna (bu dünýäde) biraz gülsünler, (soňra ahyretde) köp - ebedi aglasynlar!

83. Indi eger Alla sizi ("Tabuk" jeňinden) gaýtaryp, olardan bir taýpaga (ýüzbe-ýüz kylsa) bes, olar sizden (mundan beýläk boljak

uruşlara) çykmak üçin idin sorasalar, aýdyň ki: "Meniň bilen bile hergiz çykmarsyňyz we meniň bilen bile bir duşmana garşy jeň hem etmersiňiz. Çünki, siz owal-başda çykman oturmaga razy bolduňyz, bes, ýene galyjy kimseler bilen oturyberiň" (diýip).

84. Olaryň biri ölse, zynhar, onuň (jynaza) namazyny okamaň we gabrynyň üstüne hem baryp durmaň! Çünki, olar Alla we Onuň pygamberine kapyr boldular we etagatsyz ýagdaýda öldüler.

85. Sizi olaryň maly-dünýäleri we bala-çagalary gyzykdyrmasyn! Çünki, Alla şol zatlar sebäpli, bu dünýäde olary azap-ukybata salmagy we kapyr hallarynda janlarynyň çykmagyny isledi, bolany.

86. Haçan: "Allaga iman getiriň we Onuň pygamberi bilen bile jihad ediň" diýen bir süre inderilse, olaryň boş-bidöwlet bolanlary sizden (galmak üçin) idin soraýarlar we "Bizi goýgun, ana, şol oturanlar (sebäpli, üzürli kişiler) bilen bile bolaly" diýdiler.

87. Olar hatyn-halaj bilen galmaga razy boldular. Ýürekleri möhürlenip goýuldy. Bes, indi (jihada çykmakdan gelýän ýagşylygy) aňlamadylar.

88. Emma pygamber we onuň bilen bile bolanlar, iman getirenler malu-janlary bilen göreşdiler. Barça ýagşylyklar, ana, şolar üçindir. Najat tapjaklar hem olaryň özüdir.

89. Alla olar üçin aşagyndan derýalar akyp duran, olaryň ebedi galjak jennetlerini taýýarlap goýandyr. Ine, şu uly bagtdyr.

90. Arabylardan (ýagny, dagly araplardan - beduinlerden) hem özlerine idin berilmegini sorap, üzür aýdyjylar (bahana edýänler) geldi, (iman getirdik diýip) Allany we Onuň pygamberini aldap (şu) kimseler uruşdan galdylar. Elbetde, olaryň arasyndaky kapyrlara alawly azap ýetjekdir.

91. Ejiz-natuwanlara, hassalara we (jihad üçin) bermäge hiç zat tapyp bilmeýän kişilere - eger olar Alla we Onuň pygamberine dogry bolsalar birem haraj - günä ýokdur. Gözel amal edýänlere hiç hili garşy ýol (esas) ýok. Alla geçirimli, mähribandyr.

92. Ýene size (jeňe münüp gitmek üçin) at, ulag sorap gelen (wagglarynda) olara: "Sizi mündürip iberer ýaly ulag ýok" diýeniňizde, (jihad üçin) ulanmaga bir zat hem tapyp bilmänleri üçin gamgyn boluşyp, gözlerinden ýaş döküp, gaýdyp giden adamlary hem aýyplamaga hiç hili ýol (esas) ýokdur.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, ansarylaryň (ýagny, medineli sahabalardan) alty-ýedisi gelip, pygamber alaýhy-s-salamdan at-ulag soranda, ol kişi olara berer ýaly at-ulag ýokdugyny aýdyp, üzür sorapdyr. Şonda olar jihada çykyp bilmän, ejiz galanlaryna hapa bolup, aglap, gaýdyp gidipdirler. Ýokardaky aýat olaryň üzürli (rugsatly) kişilerdi-gini, jihada çykyp bilmänleri üçin günäkär bolmajakdyklaryny beýan edýär.

93. Diňe özleri baý-döwletment bolsalar-da, sizden idin soraýan kimseleri aýyplamaga ýol bardyr. Olar aýal-ebtat bilen galmaga razy boldular. Alla olaryň kalblaryny möhürläp goýdy. Bes, indi (olar jihada çykmakdan gelýän sogaby) bilmeýärler.

94. Olaryň alnyna gaýdan wagtyňyzda (gazawata baryp bilmändikleri üçin) sizden ötünç soraýarlar. Aýdyň: "Ötünç soramaň, size hergiz ynanmarys. Alla bizi siziň ahwalyňyzdan habardar etdi. Şübhesiz, amallaryňyzy Alla we Onuň pygamberi görüp durandyr. Soňra gaýybu-şahadatny (ýagny, ýaşyryn we äşger işleriň hemmesini) bilýäne gaýtary- larsyňyz. Bes, Ol size edip öten amallaryňyzyň habaryny berer" (diýip).

95. Olaryň ýanyna dolanyp geleniňizde, olardan ýüz öwürjekdigiňizi bilip, siziň ýanyňyzda Allanyň ady bilep kasam içerler. Bes, olardan ýüz öwrüň! Çünki, olar näpäkdirler we edip öten işleriniň (ýagny,

mynapyklyklarynyň) öwezine jähennemde jaýlaşarlar.

96. Sizi razy etmek üçin kasam içýärler. Eger siz olardan razy bolsaňyz hem Alla bu etagatsyz kowumdan asla razy bolmaz.

97. Arabylar (beduinler) küfrde, ikiýüzlülikde we Allanyň Öz pygamberine inderen zatlarynyň çygryny bilmezlikde has beterräkdir. (Olaryň bahasy Allaga maglumdyr). Alla bilim we hikmet sahybydyr.

98. Arabylaryň, (beduinler) arasynda şeýle bir kimseler bar bolup, berýän sadakasyny (özi üçin) zyýan hasaplaýarlar we size (möminlers) bela gelmegine garaşyp ýörýärler. Barça ýaman belalar özlerine bolsun! Alla eşidiji, bilijidir.

99. Arabylaryň arasynda Alla we ahyret gününe iman getirýän we edýän haýyr-yhsanyny Allanyň dergahynda gurbat (ýakynlyk) hasyl etmek we pygamberiň dogasyna (sezewar bolmak) diýip bilýänleri hem bar. Ägä boluň ki, şol haýyr-yhsanlary özleri üçin ýakynlykdyr. Alla olary Öz rahmetine dahyl eder. Elbetde, Alla geçirimli, mähribandyr.

100. Muhajyr we ansarylaryň birinjilerinden - öňdäkilerinden we olara ýagşy amallar bilen eýerenlerden Alla razy boldy we olar hem Ondan razy boldular. Ýene (Alla) olar üçin aşagyndan deryalar akyp duran, olaryň ebedi ýaşajak jennetlerini taýynlap goýdy. Ine, şu uly bagtdyr.

101. Etrabyňyzdaky arabylaryň we Medine halkynyň arasynda şeýle bir näpäkler (ýüzgörüjiler) bar bolup, olary siz bilmeýärsiňiz. Biz bilýäris. Olary gaýta-gaýta (ýagny, iki gezek, ýaşap ýörkäler we ölenlerinden soň) azaplaýarys. Soňra (kyýamat gününde) ulug azaba gaýtarylarlar.

102. Ýene başga bir kişiler bar bolup, günälerini boýun alýarlar, Olar ýagşy amallary ýaman amallar bilen garyşdyranlardyr. Belki, Alla olaryň tobasyny kabul eder. Elbetde, Alla geçirimli, mähribandyr.

103. (Eý, Muhammet), olaryň malynyň bir bölegini özlerini päklemek üçin sadaka hökmünde alyň we onuň hakyna doga kylyň. Elbetde, siziň dogaňyz olaryň (kalbyna) aram bolar. Alla eşidýändir hem, bilýändir hem.

104. Olar (günäkärler) Allanyň Öz bendeleri tarapyndan bolan tobany kabul etjekdigini, sadakalary hem Öz dergahynda kabul kyljakdygyny we çyn tobany kabul ediji mähribanyň - Allanyň Özüdigini bilmedilermi?!

105. Aýdyň: "(islän) amalyňyzy ediň. Şonda Alla, Onuň pygamberi we möminler edýän amallaryňyzy görüp durar we basym gaýybu-şahadatny (ýagny, ýaşyryn we äşgär işleriň barçasyny) bilijä gaýtarylarsyňyz. Şonda Ol siziň edip öten amallaryňyzyň habaryny berer" (diýip).

106. Ýene başga bir (gazawata çykmadyk topar) bar bolup, olar Allanyň emrine galdyrylýar. Onuň Özi ýa azaba giriftar eder, ýa-da tobasyny kabul eder. Alla bilim we hikmet sahybydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Olar üç kişi bolup, mynapyk bolanlary üçin däl-de, belki, ýalkawsyzlyklary, tenperwerlikleri sebäpli urşa çykmadylar we başga mynapyklar ýaly ýalap üzür-ötünç soramadylar. Şondan soň olaryň tobasynyň kabul boljagy ýa bolmajagy Allanyň, emrine bagly bolup galdy we başga musulmanlar mälim mütdete çenli olar bilen aralaryny üzdüler. Bu hakda soňra gelýän aýatlarda hem tekrar edilýär.

107. Ýene şeýle kimseler hem bar bolup, olar (möminlere) zyýan ýetirmek, küfri güýçlendirmek we möminler arasyna agzalalyk salmak hem-de Alla we Onuň pygamberine garşy urşan (bir) kimsäniň gözüni baglamak üçin (pitne pikirinden) metjit gurdular.

Ýene "Biz diňe sogap isledik" diýip kasam hem içýärler. Alla güwälik berer ki, olar, şek-şübhesiz, ýalançylardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ.. Mynapyklardan on iki adam Abu Amir diýen bir dinsiz kimsäniň buýrugy bilen möminleriň arasyny bozmak niýeti bilen metjit gurýarlar we musulmanlara garşy uruşmak üçin başga döwletlerden leşger alyp gelmägä giden Abu Amiriň ýoluna göz dikýärler. Olaryň bu maksatlary musulmanlara mälim bolandan soň bolsa, öz etmişlerinden dönüp, kasam içdiler. Aşakdaky aýatda Alla pygamberine şeýle emr edýär:

108.(Eý, Muhammet), hiç haçan ol metjitde namaza durmaň! Birinji günden takwa ilata gurlan metjit bar bolup, siziň şonda durmagyňyz laýykdyr. Onda päkligi ýagşy gören kişiler bardyr. Alla bolsa, mydama özüni päk tutýanlary söýýär.

109. Bes, bu binalary Alladan gorkup, we Onuň razylygy esasynda guran kişi ýagşymy ýa-da binalaryny (gurmak üçin) opurylýan jaryň kenaryny esas edip alyp, şu sebäpli, özi hem jähennem oduna ýykylan kimsemi?! Alla beýle zalym kowuma nazar etmez.

110. Guran binalarynyň (bozlup taşlanmagy) olaryň köňüllerinde şek-şübhe bolup galar, meger, ýürekleri ýarylyp - janlary çykyp gitse, (şek-şübhe hem ýok bolar). Alla bilim we hikmet sahybydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Pygamber alaýhy-s-salam permany bilen olaryň guran metjidi ýykylýar. Şondan soň, ony guran mynapyklar tä ölýänçäler, musulmanlara şübhe bilen seredýärler.

111. Elbetde, Alla möminleriň janyny we malyny olardan jennet barabaryna (uçmah öwezine) satyn aldy - olar Alla ýolunda jeň edip (kapyrlary) öldürdiler we (özleri hem Alla üçin şehit bolup)! öldürildiler. (Şeýle möminlere jennet beriljekdigine) Alla Töwratda, Injilde we Gurhanda Özüniň hak wadasyny berendir. Ähtine Alladan wepadar kim bar?! "Bes, (eý, meminler) eden bu söwdaňyza şat boluň. Ine, şu hakyky uly bagtdyr.

112.(Olar) - toba edijiler, (diňe Allanyň Özüne) ybadat edijiler, şükür edijiler, oraza tutujylar, rukug-sejde edijiler, ýagşylyga buýrujylar, ýamanlykdan saklanyjylar we Allanyň belgiläp goýan kada-kanunlaryny goraýjylar möminler(dir). (Eý, Muhammet), bu möminlere behişt hoşha- baryny ýetiriň!

113. Ne pygamberiň, ne möminleriň, - eger müşrikler garyndaşy bolsa-da, - olaryň dowzah eýeleridigi mälim bolandan soň, ol müşrikler üçin geçirim soramagy ýerlikli däldir.

114. Ybraýymyň öz atasy üçin geçirim soramagy diňe oňa beren wadasy sebäplidi. Indi haçan oňa atasynyň Allanyň duşmanydygy mälim bolandan soň, ondan bütinleý dändi. Elbetde, Ybraýym pespäl we helimdir.

115. Alla bir kowumy dogry ýola salandan soň, olara saklanmagy lazym bolan zatlary anyk beýan edip bermeýänçä, olary ýoldan azdyrmaýar (ýagny, hemme zady bilip-durup, özlerini saklamaýan kimseleri ýoldan azdyrdy). Elbetde, Alla hemme zady bilijidir.

116. Elbetde, asmanlaryň we Ýeriň patyşalygy Allanyň özüne degişlidir. Ol ýaşaýyş hem ölüm berýär. Siz üçin Alladan özge ne bir dost, ne bir ýardamçy bardyr.

117. Hakykatdan, Alla pygamberiň, muhajyrlaryň, ansarlaryň tobasyny kabul kyldy. Olaryň bir toparynyň ýürekleri (gazawatdaky muşakgat we teşne- lik sebäpli) ýumşandan soň, agyr pursatda oňa (pygambere) eýerdiler. Soň olaryň tobasyny (Alla) kabul kyldy. Elbetde, Ol möminlere merhemetli, mähribandyr.

118. Ýene şol üç kişiniň (tobasyny hem kabul edip) tä olara giň ýer dar bolup galýança we ýürekleri gysylyp, Allanyň (gazabyndan) diňe Özüne toba kylmak bilen gutulyşyň mümkindigini bilýänçäler,(tobalary) galdyryldy (ýagny, toba etmäge degişli

bolmadylar). Soňra (Alla) toba etmekleri üçin olara toba ýoluny açdy. Elbetde, Alla tobany kabul ediji, mähribandyr.

119. Eý, möminler, Alladan gorkuň we imanda rastgöý bolanlar bilen bile boluň!

120. Medine ilaty we olaryň etraplaryndaky arabylar üçin (jihada çykman) Allanyň pygamberinden galmaklary we Ondan ýüz öwrüp, özleri üçin alada etmekleri ýerlikli däldi. Diýmek, Alla ýolunda olara bir teşnelik, muşakgat, açlyk ýetse we kapyrlary gazaplandyrýan bir gadam etseler, duşmana bir zyýan ýetirseler, elbetde, olara bu işleri sebäpli ýagşy amal ýazylar. Dogrudan hem, Alla ýagşylyk edýänleriň amallaryny zaýa kylmaz.

121. Olar kiçimi, ulumy, bir haýyr-yhsan kylsalar we (gazawat ýolunda) bir jülgeden ötseler, elbetde, eden iň gözel amallaryna görä, Allanyň nazar salmagy üçin (bularyň hemmesi) olaryň peýdasyna ýazylar.

122. Ähli, möminleriň (söweşe) çykmaklary laýyk däldir. Eýsem, olaryň her bir toparyndan bir taýpa adamlar (jeň üçin) çykyp, (başgalary bolsa,Medinede) dini öwrenip, (jeňe giden) kowumlary gaýdyp gelen wagtlarynda, ol kowumlaryň Allanyň azabyndan saklanmaklary üçin olary habardar etmek üçin (galmaly dälmi)?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat pygamber alaýhy-s-salam we sahabalar "Tabuk" jeňinden gaýdanlaryndan soň, pygamber bir topar esgerini duşman tarapa ibermekçi bolup çagyranda, uruşdan galýan kimseleriň azaplanşy hakyndi ýokardaky aýatlardan gorkan sahabalar urşa çykjak diýip gelenlerinde hasyl bolupdyr. Bu aýatda şeýle kiçi ýörişlere hemme musulmanlaryň hökman däldigi, belki, olaryň bir toparynyň gitmegi kipaýa etmegi, başgalaryň bolsa, pygamber alaýhy-s-salamyň ýanynda bolup, dini taglymatlary öwrenip, jeňe gidenler dolanandan soňra, olara öz öwrenen zatlaryndan tälim bermegiň lazymdygy aýdylýar.

123. Eý, möminler, ýanyňyzdaky kapyrlara garşy jeň ediň we olar sizdäki güýç-kuwwaty görsünler! Bilip goýuň, elbetde, Alla takwalar bilen biledir.

124. Haçan bir süre inderilse, olardan (ýagny, mynapyklardan) bolan kimseler: "Hany, bu süre haýsy biriňiziň imanyňyzy zyýada kyldy?" •diýdiler. Bes, ol (süre) iman getirenleriň imanlaryny, elbetde, zyýada eder we olar şady-horram bolarlar.

125. Emma ýüreklerinde merez bolan kimseleriň bolsa, dinsizliklerine ýene dinsizlik goşar we olar kapyr bolup ölerler.

126.*(Ahyr) görmedilermi, olar her ýylda bir-iki mertebe bela-pitnelere ýolugýarlar. Şondan soň hem ne toba kyldylar, ne-de pendi-nesihat aldylar.*

127. Haçanda bir süre inderilse, (ol mynapyklar) "Sizi birdir-ýarym (musulman) gördümi?" diýip, biri-birlerine seredýärler-de, soňra (öýlerine) ugraýarlar. Olar (haky) aňlamaýan kowum bolandyklary sebäpli, Alla kalblaryny (Gurhana pähim etmekden) öwrüp goýandyr.

128.*(Eý, ynsanlar), ahyr size öz-özüňizden bolan, siziň külpet-muşakgat çekmegiňize gynanýan, siziň (dogry ýola - hak dine) gelmegiňize harys - teşne bolan we barça möminlere merhemetli, mähriban bolan bir pygamber geldi!*

129. Ana, indi hem ýüz öwürseler, aýdyň: "Maňa Allanyň Özi ýeterlikdir! Hiç hili ylah ýok, meger, Onuň Özi bardyr! (Men Onuň) Özüne söýendim. Ol ulug arş sahybydyr!" (diýip).

10. ÝUNUS SÜRESI

Medinede hasyl bolan bu süre bir ýüz dokuz aýatdan ybarat. Onda yslamy duşünjäniň netijesi: Alla iman getirmek, Onuň kitaplaryna, pygam-berlerine, gaýtadan dirilişe we kyýamat günündäki jeza-sylaga ynanmak hakynda söz açylýar.

Bu süre ilkibaşda pygamberlik we pygamberler hakynda sözläp, Allanyň owal-ahyr hemme bendelerine Öz pygamberlerini iberendigi, şunlukda, soňky pygamber Muhammet alaýhy-s-salamyň gelmegine geň galmaga hajat ýoklugyny düşündirýär.

Sürede Nuh, Musa, Ýunus kibi pygamberleriň, kyssasy beýan edilip, süräniň ady hem olaryň, biriniň Ýunus pygamberiň ady bilen atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip, Lam, Ra. Bular hikmetli Kitabyň aýatlarydyr.

2. Bu adamlara özlerinden bolan bir pygambere (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salama) dinsiz kimseleri (Allanyň azabyndan) gorkuzyň, iman getirenlere bolsa, olar üçin Perwerdigäriniň alnynda ezeli rast mertebe barlygy hakynda hoşhabar ýetiriň diýip, wahyý iberenimiz geň göründimi?! Kapyrlar: "Hakykatdan hem, bu (ýagny, Muhammet) zor jadygöýdir" diýdiler.

3. Elbetde, Perwerdigäriňiz asmanlary we ýeri alty günde ýaradyp, soňra arşy eýelän Alladyr. Ol (her bir) işiň çäresini edýär. (Kyýamat güni adamlar üçin) birem aklawçy bolmaz, meger, Onuň idin-eradasyndan soň (aklaw bolar). Ana, şol Alla Perwerdigäriňizdir, bes, oňa ybadat kylyň! Eýsem, (bu hakykaty) ýadyňyza salmaýarsyňyzmy?!

4.(Kyýamat gününde) barçaňyz Oňa gaýdarsyňyz.(Bu) Allanyň hak-rast wadasydyr. Elbetde, owal-başdan (ynsany dünýäde) Onuň Özi ýaradýar. Soňra iman getirip, ýagşy amallar edip ötenleri adalat bilen sylaglamak üçin (kyýamat güni) ýene gaýtadan ýaradýar. Küfr ýoluny tutan kimseler üçin bolsa, gaýnag suwdan içimlik we kapyr bolandyklary sebäpli agyr azap bardyr.

5. Ol (Alla) Güni şöhle saçyjy, Aýy ýagty eden, siziň ýyllaryň sanagyny we (wagtyň) hasabyny bilmegiňiz üçin ony (ýagny, Aýy birnäçe)menzil-burçlara bölüp goýandyr. Hiç şek-şübhesiz, Alla bu barlygy hak (Kanun we maksat) bilen ýaratdy. Ol bilýän kowum üçin Öz aýatlaryny (şeýle) aýdyň beýan edýär.

6. Elbetde, gije we gündiziň çalşyp durşunda hem-de Allanyň asmanlarda we ýerde ýaradyp goýan zatlarynda (Ondan) gorkýan kowum üçin aýat-alamatlar bardyr.

7-8. Elbetde, Bize ýüzbe-ýüz bolmagy umyt etmeýän, pany dünýäniň özünden razy bolup, diňe şonuň bilen hatyrlary jem bolan kimseleriň hem-de Biziň aýatlarymyzdan gapyl galan kimseleriň - ana, şolaryň jaýlary, kesp edip öten günäleri sebäpli - dowzahdyr.

9. Iman getirip, ýagşy amallar kylanlary bolsa, iman-ygtykatlary sebäpli, Perwerdigäri hidaýat eder - behiştde näz-nygmatly baglaryň aşagynda derýalar akyp durar.

10. Ol jaýdaky (olaryň) dogalary: "Eý, Allamyz Özüňe hamdy-sena!" diýmekden, ol ýerdäki salamlary (biri-birlerine) dynçlyk dilemek(den) ybarat(dyr).

DÜŞÜNDIRIŞ."Salam" sözi" saňa dynçlyk dileýän" diýmekdir. Ahyrky dilegleri bolsa: "Bütün älemleriň Perwerdigäri Allaga hamdy-sena! (hamdy-sena - saňa alkyş, şan-şöhrat bolsun! diýmekdir).

11. Eger Alla bu adamlara (ýagny, müşriklere) ýagşylygy tiz getirişi ýaly, ýamanlygy hem nagt etsedi, elbetde, olaryň (bireýýäm) ajallary

ýeterdi. Bes, (Biz olara ýamanlygy nagt etmeris, belki), Bize ýüzbe-ýüz bolmagy umyt etmedik kimseleri öz köre-kör azaşmalary bilen goýarys.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat Mekge müşrikleriniň pygamber alaýhy-s-salamyň sözlerine gulak asman: "Ýa, Alla, Muhammediň dini hak din bolsa, başymyza asmandan daş ýagdyrgyn" diýip, özleri üçin ýamanlyk diläp, betdoga kylanlarynda hasyl bolupdyr. Bu aýatdan iki manyny aňlamak mümkin. Birinjisi: Müşrik kimseleriň şeýle nadandyklary, çünki olar dana we tedbirkär bolanlarynda: "Eger şu din hak din bolsa, bizi hem şu ýola ýollagyn" diýerdiler.

Ikinjisi: Käbir zalym we ýowuz kimseleriň hak ýoly tapybilmän, günä we isýan-ýaman işlerde azaşyp ýörendiklerini bildirýär.

12.(Her) haçan ynsana bir zyýan-musybat ýetse, ýatyp, oturyp, durup, Bize doga-iltija kylar. Indi haçanda ondan musybaty gidersek, göýä (hiç haçan) özüne ýeten bela-beterden Bize ýüzlenmedik ýaly (unudyp) goýbär. Hetden aşyjy kimselere etmişleri, ine, şeýle (özlerine ýaraýan edip) gözel görkezilip goýuldy.

13. Mälim ki, sizden owalky asyrlardaky (döwür-zamanlardaky) milletleri özlerine zulum edenleri we pygamberleri açyk-röwşen hüjjet-mugjyzalar getiren wagtlarynda, iman getirmändikleri üçin heläk edipdik. Günäkär kowumy, ine, şeýle jezalandyrýarys.

14. Soňra (siziň) nähili amallar edişiňizi görmek üçin olaryň yzyndan sizi ýerde halypa edip goýduk.

15. Haçan olara Biziň açyk aýatlarymyz tilewat edilse, Bize ýüzbe-ýüz bolmagy umyt etmeýän kimseler: "Bu Gurhandan başga bir Gurhan getirgin ýa-da muny özgertgin" diýdiler. Aýdyň: "Maňa ony öz ýanymdan üýtgetmek dürs däldir. Men diňe özüme wahyý kylnan aýatlara eýerýärin. Çünki men, eger Perwerdigärime garşy isýan (dönüklik) etsem, Ulug Günüň azabyndan gorkar men" (diýip).

16. Aýdyň: "Eger Alla (şuny) islände, men ony (Gurhany) tilewat etmezdim we (meniň üstüm bilen Alla) ony size bildirmezdi. Eýsem, ondan (Gurhanyň inderilmeginden) owal hem bir ömür siziň araňyzda ýaşapdym-a! Akyllaryňyzy işletmeýärsiňizmi?!" (diýip).

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, Muhammet alaýhy-s-salamyň pygam-ber bolmagyndan ozalky kyrk ýyllyk ömri mekgeli araplaryň göz öňünde ötüp, bu döwür dowamynda ol ne bir ussat görüpdir ne-de bir kitap öwrenipdir. Bu ýagdaý ony tanap-bilen zamandaşlarynyň-watandaşlarynyň hemmesine aýandy. Şonuň üçin hem, kyrk ýaşy dolandan soň, ylahy aýatlary okap (tilewat edip), adamlary yslam dinine ündäp başlan wagtynda, bu aýatlaryň deňsiz-taýsyz gözel nazymyna, düýpsüz-tereň many-maňzyna haýran - galan kişiler bu sözleriň beşeriň (adamyň) sözi däldigine ynandylar-iman getirdiler. Ýöne Mekge müşrikleriniň käbiri 6u ylahyý gudrat-mugjyzanyň gadyr-gymmatyny bilmediler we hatda pygamber alaýhy-s-salamyň üstünden gülüp, masgara etmäge baryp ýetdiler. Bu aýatlar, ana, şeýle kimseler hakynda hasyl bolandyr.

17. Eýsem, Allanyň şanyna ýalan toslap we Onuň aýatlaryna ýalan diýen knmseden zalym kim bar?! Elbetde, beýle günäkär kimseler najat tapmaz.

18. Olar Allany goýup, özlerine zyýan hem, peýda hem ýetirip bilmeýän zatlara ybadat kyldylar we:"Ine, şu närseler Allanyň huzurynda biziň aklaw- çylarymyzdyr" diýdiler. Aýdyň: "Alla asmanlardaky we ýerdäki Onuň bilmeýän zatlaryny (şärik edip) bildirip goýmakçymysyňyz?!" Alla olaryň (müşrik- leriň beýle) çirklerinden päk we belentdir.

19.(Owalda) adamlar diňe bir millet (ýagny, bir dinde) bolupdyrlar. Soňra bölündiler. Eger Perwerdigäriňiz tarapyndan (ýagşy-ýaman amallaryň sylag-jezalary diňe kyýamatda boljagy dogrusynda) Söz bolmadyk bolsady, (olaryň) dalaşyp-dartyşan zatlary hakynda olaryň aralarynda höküm kylynardy. (ýagny, dinden çykan kimseler şu dünýäde jeza alardylar).

20. Olar: "Oňa (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salama) Perwerdigäri tarapyndan aýat-mugjyza düşsedi" diýdiler. Bes,(Eý, Muhammet), aýdyň: "Gaýyp (ýagny, geljek we ynsan işinden gizlin bolan ähli zatlar bilimi) diňe Allanyňkydyr. Bes, garaşyberiň. Men hem siz bilen bile garaşýaryn" (diýip;).

21. Haçan bu adamlara ýeten bela (gahatçylyk)dan soň, (olara) rahmet bolçulygy (ny) dadyrsak, şol bada olar Biziň aýatlarymyz hakynda mekir (lik edip, masgara) edýärler. Aýdyň: "Allanyň "mekiri" (azaby) juda tiz (ýüz berýändir). Elbetde, Biziň ilçilerimiz (melaýyklarymyz) edýän mekirlikleriňizi ýazyp goýarlar.

22. Ol (Alla) şeýle zat bolup, sizi gury ýerde we deňizde ýöredýär. Siz gämide bolan wagtyňyzda we ol (gämi) assa şemal bilen olary (sizi) alyp barýarka, we olar mundan şady-horram bolanlarynda, bir güýçli ýel gelýär hem-de olaryň üstüne her tarapdan tolkun urlup, (olar) özleriniň girdapda galandyklaryny bilenlerinde "Kasam ki, eger, ine, şu bela(dan) bize najat-kömek berseň, elbetde, şükür edijilerden bolarys" diýip, çyn yhlas bilen dileg ederler.

23. Indi haçan ki Alla olara najat berende, nägehandan, Ýer ýüzünde nähak zalymlyk edýärler. Eý, adamlar, bu ýowuzlygyňyz diňe öz zeleliňizedir. (Siz bu arzymas we gysga) pany dünýä matasyndan (nygmatlaryndan) peýdalanýarsyňyz. Soňra Bize gaýdyşyňyz bardyr. Bes, Biz size edip geçen amallaryňyzy bildireris.

24. Hakykatdan hem, bu pany dünýäniň mysaly edil bir suwa meňzeş bolup, Biz ony asmandan ýagdyrsak, onda adamzadyň we haýwanatyň iýýän zatlaryndan ybarat ýer nebatlary (ösümlikleri) onuň bilen (ýagyn bilen) garyşyp, hatda ýer gözelleşip, bezenip-beslenende we ýeriň üstündäkiler güýçli-gudratly biz diýip oýlap başlanda, ýere gije ýa gündiz Biziň permanymyz gelip, Biz ony göýä dek agşam abat (baý) bolmadyk ýaly weýrana öwrüp goýarys.

Pikirlenip bilýän kowum üçin aýatlary, ine, şeýle aýdyň beýan edýäris.

25. Alla dynçlyk diýary - jennete çagyrýar we Özüniň halanlaryny dogry ýola düşürýär.

26. Gözel amal edenler üçin (bu dünýäde we ahyretde) gözel akybet we zyýada nygmatlar bardyr. Olaryň ýüzüni garalyk we hor (bolanlyk möhri) gaplamaz. Ana, şolar jennet eýeleri bolup, o taýda ebedi galarlar.

27. Ýaman amal kylan kimseler üçin bolsa, şol ýamanlyklarynyň barabarynda jeza bolar we olary (bütinleý) horluk gurşap alar – olar üçin Alla tarapyn birem (jezadan) saklaýjy bolmaýar. Olaryň ýüzüni göýä garaňky gijäniň bir bölegi gaplan ýaly. Ana, şolar dowzah eýeleri bolup, şol ýerde ebedi galýarlar.

28-29. Ol günde (kyýamatda) olaryň hemmesini toplaýarys, soňra müşrik bolan kimselere: "Siz hem, Allaga şärik eden butlaryňyz hem öz ornuňyzdan gozganmaň" diýip, olaryň arasyny bölýäris (ýagny, müşrikler dünýäde hemişe bile bolan, sygynyp ýörei butlaryndan aýra düşerler) we butlary (olara): "Siz bize ybadat etmediňiz (ýagny, biz - butlar jansyz närseler bolanymyz üçin bize çokunanlaryny bilmedik). Bes, Allanyň Özi biz bilen siziň araňyzda güwä bolmak üçin ýeterlikdir. Elbetde, biz siziň ybadatyňyzdan bihabardyrys" diýdiler.

30. Şol ýerde her bir jan (özüniň) edip öten işinden habardar bolar we (olaryň hemmesi) hakyky hojalary - Allaga gaýtarylarlar hem-de özleriniň oýlap-tapan, çykaran butlary olardan gaýyp bolar.

31.*(Eý, Muhammet), aýdyň: "Kim size asmandan we zeminden rysk berýär ýa-da kim gulak- laryňyza, gözleriňize eýelik edýär?! Kim ölüden dirini çykarýar we diriden ölini çykarýar hem-de kim barça*

işlere tebdir-çäre edip durýar?!" Olar elbetde, "Alla" diýýärler. Onda siz aýdyň: "Eýsem, Ondan gorkaňzokmy?!

32. Bes, ine, şu Alla - hakyky Perwerdigäriňizdir. Hakykatdan, soň bolsa, diňe ýoldan azmak bar, bolany (ýagny, çyn Perwerdigäriňizden özgäge sygynsaňyz, elbetde, ýoldan azarsyňyz). Onda haýsy tarapa öwrülmekçisiňiz?!"

33. Ine, şeýle edip, iman getirmedikleri sebäpli (barça) etagatsyz kimselere ("Elbetde, jähennemi kapyrlar bilen dolduraryn" diýen) Sözi hak boldy.

34.(Eý, Muhammet), aýdyň (soraň): "Butlaryňyzyň içinde owal-başda özi ýaradyp, soňra ýene gaýtadan ýaradyp bilýäni barmy?!" (diýip). Aýdyň: "Allanyň owal-başda Özi ýaradyp, soňra Özi ýene gaýtadan ýaradýar. Indi haýsy tarapa öwrülmekçisiňiz?!" (diýip).

35. Aýdyň (soraň): "Butlaryňyzyň arasynda hak ýola hidaýat edip bilýäni barmy?!" (diýip). Aýdyň: "Alla hak ýola hidaýat edýär. Indi (biz) hak ýola äkidýän Alla etagata (boýun bolmaga) haklymy ýa-da (hiç kimi) dogry ýola düşürmeýän, meger, özi dogry-hak ýola mätäç bolan kimse muňa hakly(my)?! (Eý, müşrikler) size näme boldy, nähili höküm çykarýarsynyz?!" (diýip).

36. Olaryň köpüsi jansyz? butlara sygynyp, diňe gümana eýerýärler, bolany. Güman bolsa, hiç bir zatda hakykatyň ornuny tutup bilmeýär. Elbetde, Alla olaryň edýän işlerini bilijidir.

37. Gurhan Alladan özge birew tarapyndan inderilip bilinmejek, diňe ol ähli älemleriň Perwerdigäri tarapyndan gelen we (hakdygyna) şek-şübhe bolmadyk Özünden ozalky (Töwrat,Injil) ýaly kitaplary tassyklaýjy (şerigat kanunlaryn-dan ybarat) doly Kitapdyr.

38. Ýa-da: "Ony (Muhammet) toslapdyr" diýýärlermi? Aýdyň (Eý, Muhammet); "Onda eger rastgöý bolsaňyz, Alladan özge güýjüňiz

ýeten kimseleriň hemmesini kömege çagyryp, şu Gurhana meňzeş diňe bir süre getiriň!"

39. Ýok! Olar Gurhan ylmyny eýelemezden we olara onuň täsir-mańzy (netijesi) aýan bolmazdan öňürti "ýalan" diýdiler. Olardan owalkylar hem (öz pygamberleriniň sözlerine) ine, şeýle "ýalan" diýipdiler. Ine, indi onuň ýaly zalym kimseleriň, akybeti (kysmaty)- nyň nähili bolandygyny görüň.

40. Olaryň (ýagny, müşrikleriň) arasynda oňa (Gurhana) ynanýanlary hem bar. Olaryň arasynda (şonuň bilen birlikde) oňa ynanmaýanlar hem bardyr. Perwerdigäriňiz bozgak kimseleri örän ýagşy bilýändir.

41.(Eý, Muhammet), eger olar sizi ýalançy etseler (diýseler), onda aýdyň: "Meniň eden amalym özüm üçin, siziň amalyňyz özüňiz üçindir. Siz meniň amalymdan halas, men bolsa, siziň edýän amallaryňyzdan päkdirin" (diýip).

42. Olaryň arasynda size gulak asýanlary hem bar (emma ker adam ýaly hiç zat aňmaýarlar). Eýsem, siz, eger özleri akyl ýetirmeseler, ker kimselere eşitdirip bilermidiňiz?!

43. Olaryň arasynda size (saňa) seredip durýanlary hem bar (emma kör adam ýaly, sendäki pygamberlik alamatlaryny görmeýärler). Eýsem, eger özleri görmeseler, kör kimseleri (ýola) başlap bilermidiňiz?!

44. Şübhesiz, Alla ynsana hiç hili zulum-adalatsyzlyk etmez. Belki, ynsan (Ýaradana iman getirmezligi bilen) özüne özi zulum edýär.

45.(Alla) olary (ýagny, müşrikleri hasap-kitap üçin) toplaýan gününde olar,(bu dünýäde) gündiziň, güni bir sagatlap duran ýaly (ýaşan ýaly) biri-birlerini tanarlar. Allaga ýüzbe-ýüz bolunmagyny ýalan diýen kimseler (şek ýetirenleri üçin) çökder zyýan gördüler we

hak ýola ýörüji bolmadylar.

46. Eger olar, wada edişimiz ýaly azaby size görkezsek hem, (ýagny, ýaşap ýerkäňiz, olaryň dinsiz bolandyklarynyň akybetini - çekýän azaplaryny görseňiz hem) ýa-da (olary azaba duçar etmezden öň) sizi wepat etsek hem, her halda (näme etseler hem) Özümize dolanjakdyrlar. Galyberse-de, Alla olaryň edýän işlerine güwädir.

47. Her bir millet üçin (oňa iberilen) pygamber bolar. Bes, haçan pygamberleri gelende, şol (millet)lere zulum edilmän, aralarynda adalatly höküm ýöredilýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam taglymatyna görä, bu älem synag älemi bolup, her bir kişi, ine, şu synagdan geçip bilenligine, bilmändigine garap, ahyretds sylaga ýa-da jeza laýyk bolýar. Bendelsr özleriniň boýunlaryn-daky borçlaryny we hak-hukuklaryny bilip, hak ýoly tapyp, synagdan abraý bilen geçmekleri üçin olara Alla-tagalla pygamberleri arkaly Öz görkezmelerini iberýär. Owal hem aýdyp geçişimiz ýaly, bu pygamberleriň ilkisi Adam alaýhy-s-salam bolsa, soňkusy Muhammet alaýhy-s-salamdyr, Bu ikisiniň aralygynda ýüz müňläp pygamberler ötüpdir. Şeýlelikde, dünýäde Allanyň pygamberi ýetmedik bir millet hem ýokdur. Ol aýat "tä pygamber iberilýänçä hiç kimi jezalandyrmarys" diýen mazmundaky Gijeki Seýr süresiniň 15 aýatyna heňdeşdir.

48. Olar: "Eger rastgöý bolsaňyz (aýdyň hany), ine, şu wada (edilen azap) haçan bolýar" diýýärler.

49. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Men eger Alla halamasa (özgeler-ä beýle-de dursun) özüme hem bir zyýan ýa peýda ýetirmäge kadyr däldirin. (Şeýlelikde, geljek gaýyp ylymlardan hem habardar däldirin, emma) her bir millet - öwlat üçin bir ajal bardyr. Haçan ajaly ýetse, ony bir sagat yza hem, öňe hem süýşürip bilmezler" (diýip).

50. Aýdyň: "(Hany) habar beriň-dä, Onuň azaby Size, eger, gije ýa gündiz gelse, (munuň size näme tapawudy bar?!) Bu günäkär

kimseler (müşrikler) ol azabyň nämesine howlukýarkalar?!

51. Şonda (Allanyň azaby başyňyza) düşende, (size): Oňa iman getirermisiňiz? Indi (wagt ötenden soňmy?!) Eýsem (azap düşjegine ynanman), ony howluk- dyrdyňyz-a?!"

52. Soňra öz-özlerine zulum eden bu kimselere aýdylar: "Ebedilik azaby dadyň! Siz diňe öz gazanan günäleriňiz sebäpli jezalandyrylýaňyz dälmi?!"

53.*(Eý, Muhammet), sizden: "Ol (wada edilen azap) hakmy?" diýip soraýarlar. Aýdyň: "Hawa, Perwerdigärime kasam bolsun, elbetde, ol hakdyr. Siz ondan gaçyp gutulyp bilmersiňiz" (diýip).*

54. Olar azaby gören wagtlarynda, eger öz-özlerine jebir eden (ýagny, kapyr bolup öten bolsalar), her bir jan üçin ýerdäki bar zady (şol azapdan gutulmak ýolunda) elbetde, pida ederdiler emma (iman getirmedikleri üçin) ökünçlerini gizlärler. (Ol günde) olara zulum edilmän, adalat bilen höküm ediler.

55. Ägä boluňlar ki, asmanlardaky we ýerdäki zatlar, şübhesiz, Allanyňkydyr, habardar boluňlar ki, elbetde, Allanyň wadasy hak-rast wadadyr. Emma olaryň köpüsi (muny) bilmeýärler.

56. Ol dirilder we öldürer we Oňa gaýtarylarsyňyz.

57. Eý, ynsanlar, size Perwerdigäriňiz tarapyndan pent-nesihat, ýürekleriňizdäki (bozuk ygtykatlardan ybarat) zatlara şypa we iman getirenlere hidaýat we rahmet (ýagny, Gurhan) geldi.

58.*(Eý, Muhammet), aýdyň: "Allanyň fazly-merhemeti (ýagny, yslam) we rahmet-mähribanlygy (ýagny, Gurhan) bilen - ine, şu (nygmat) bilen (bularyň nesip edeninden) şady-horram bolsunlar. (Elbetde), bu olaryň toplaýan maly-dünýälerinden ýagşydyr".*

59. Aýdyň: "Habar beriňiz-dä, (eý, müşrikler, näme üçin) Allanyň size beren rysky-ruzunyň (käbirlerini) haram, (käbirlerini) halal etdiňiz?" Aýdyň: "(Beýle etmek üçin) size Alla idin berdimi ýa-da Allanyň şanyna töhmet edýäňizmi?!" (diýip).

60. Allanyň şanyna ýalan ýöňkän kimseler kyýamat güni hakynda güman edýän ekenler-dä? Hiç şek-şübhesiz, Alla adamlara fazly-merhemet sahybydyr. Ýöne olaryň köpüsi (muňa) şükür etmeýärler.

61.(Eý, Muhammet) siz haýsy iş bilen meşgul bolsaňyz, we hakynda (Gurhandan nähili) aýat bilseňiz, siz (ýene) nähili kylsaňyz, şol işlere girişen wagtyňyz, elbetde, Biz size güwä bolarys. Ýerdäki, asmandaky bir ownuk (zat) mysaly ondan hem kiçijik (ýa-da) uly (islendik) bir zat Perwerdigäriňizden gizlin bolmaz - elbetde. Kitapda açyk (ýagny, Allanyň ezeli ýazmyşynda ol) bardyr.

62. Habardar boluň ki, elbetde, Allanyň dostlaryna (ahyretde) hiç hili howp-hatar ýokdur we olar gamgyn bolmaýarlar.

63-64. Iman getiren we (Alladan) gorkýanlar üçin pany dünýäde hem, ahyretde hem hoşhabarlar bardyr. Allanyň sözi (aýatlary) üýtgedilmeýär (hiç kim muňa kadyr däldir). Ine, şu (bar nygmatlary gazanmak) ulug bagtdyr.

65. Olaryň (kapyrlaryň "Sen pygamber dälsiň" diýen) sözleri seni gamgyn etmesin. Ähli güýç-gudrat Allanyňkydyr. Ol eşidiji, bilijidir.

66. Habardar boluň ki, elbetde, asmanlardaky we ýerdäki ähli janzat! we mahlukat (janly-jansyz mahluklar) Allanyňkydyr. Allany goýup, butlara sygynan kimseler diňe gümana eýerýärler. Olar diňe takmyn (çaklama) edýärler, bolany.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, köp adamlaryň Taňry diýip sygynýany asmanlardaky we zemindäki zatlaryň ýaradyjysy hem, eýesi hem ýalňyz Alladyr. Olar diňe öz gümanlary we çaklamalary boýunça ol mahlukatlary

Taňry diýip, ondan dileg edýärler.

67. Ol siziň dynç almagyňyz üçin gijäni we (kesbi-kär, seýil-syýahat etmegiňiz üçin) ýagty gündizi ýaradandyr. Elbetde, munda gulak asyp, aňlaýan kowum üçin aýat-alamatlar bardyr.

68."Allanyň perzendi bar" diýdiler. Ol (bularyň bet gümanyndan) juda päkdir. Ol bihajatdyr (zada zar däldir). Asmanlardaky we Ýerdäki bar zat Oňa degişlidir. Siziň huzuryňyzda bu barada (ýagny, Allanyň perzendi bar diýen) hiç hili delil ýog-a! Allanyň, şanyna bilmeýän zatlaryňyzy aýdyberýäňizmi?!

69. Aýdyň (Eý, Muhammet): "Şübhe ýok ki, Allanyň şanyna ýalan ýöňkeýän kimseler najat tapmazlar".

70.(Onuň ýaly kimseler üçin) bu dünýäden azajyk peýdalanmak bar. Soň Bize dolanarlar. Ana, şondan soň, kapyr bolup ötendikleri üçin olara gaty azap dadyrarys.

71.(Eý, Muhammet), olara Nuh hakyndaky habary tilewat (beýan) ediň- ol öz kowumyna şeýle diýipdi: "Eý, kowumym, eger size (araňyzda uzak ýyllar ýaşap) ýörenim we Allanyň aýatlaryny ýatladýandygym agyr degse, bes, men Allanyň Özüne söýendim-töwekgel kyldym. Indi butlaryňyz bilen bile bilýän işleriňizi ediberiň. Soňra şu işleriňiz özüňize gizlin bolup galmasyn (ýagny, bimelal, erkana, äşgär iş tutuberiň, men perwaý etmerin). Soňra men barada (islän) hökümiňizi ýerine ýetiriberiň we maňa möhlet hem bermäň.

72. Bes, eger (meniň pendi-nesihatymdan) ýüz öwürseňiz, men sizden hiç hili hak sora- maryn (ýagny, maňa hak-paý bermegi islemezlikden däl, belki, öz betbagt bolanlaryňyz sebäpli ýüz öwürýänsiňiz). Men sogaby diňe Alladan (soraýaryn). We men Oňa boýun synyjy musulman edilip ýaradylan" (diýdi).

73. Soňra ony (Nuhy) ýalançy (hasap) edenlerinden soň, Biz oňa we onuň bilen gämide bile bolan kişilere kömek berdik we olary (ýerde) halypa etdik. Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kimseleri bolsa, gark etdik. (Eý, Muhammet), ine, (dinsizlikleri üçin dowzah azaby bilen) gorkuzylan kimseleriň akybetiniň nähili bolandygyny görüň!

74. Soňra (Nuhdan) soň hem (köp) pygamberleri öz kowumlaryna iberdik. Bes, ol pygamberler olara açyk hüjjet - mugjyzalar getirenlerinde, olar ozal ýalan diýen zatlaryna (gudrat görenlerinden soň hem) iman getiriji bolmadylar. Hetden aşýan kimseleriň ýüreklerini, ine, şeýle möhürläp goýýarys.

75. Soňra olaryň (şol pygamberleriň) yzyndan Musa bilen Haruny Öz aýat-mugjyzlarymyz bilen Firawun we onuň adamlaryna iberenimizde, olar tekepbirlik etdiler we günäkär kowum boldular.

76. Bes, haçanda olara Biziň huzurymyzdan hakykat gelende, olar: "Bu açyk jady" diýdiler.

77. Musa diýdi: "Size Hakykat gelen wagtynda ("Bu jady") diýýärsiňizmi? Jadymy şu? Eýsem, sährgärler (jadygöýler) üstünlik gazanyp, (baggly bolup) bilermidiler?!"

78. Olar aýtdylar: "Sen bizi ata-babalarymyzyň amal eden dininden döndermek üçin we ikiňiz ýerimize eýe bolmak üçin geldiňizmi?! Biz size iman getirmeris!"

79. Firawun öz adamlaryna: "Barça bilimdar jadygöýleriňizi getiriň!- diýdi.

80. Bes, sährgärler gelenlerinde, Musa olara: "Taşlajak bolan zadyňyzy (ýagny, hasa we ýüpleriňizi) taşlaň" - diýdi.

81. Haçan olar gollaryndaky zatlaryny) taşlanlarynda (we ýüp we hasalar ýylana öwrü- lende). Musa aýtdy: "(ine şu) siziň eden işiňiz

jadydyr. Elbetde, Alla ony dep eder, sebäbi, Alla bozgak kimseleriň işini oňlamaýar!

82. We jenaýatçy kimseler, hernäçe islemeseler-de, Alla Öz sözleri (emri-permany) bilen hakykaty ýüze çykarar".

83. Şonda Musanyň kowumyndan diňe bir taýpa adam Firawunyň we onuň adamlary- nyň pitne-pisatlaryndan gorkup, iman getirdiler. Çünki, Firawun ol ýerde üstündi we ol, şübhesiz, hetden aşyjy kimselerdendir.

84. Musa (iman getiren kişilere) diýdi: "Eý, kowumym, eger Allaga iman getiren bolsaňyz, diýmek, musulman ekeniňiz. Onuň Özüne söýeniň - tawakkul kylyň!"

85. Onda olar aýtdylar: "Allanyň Özüne tawakkul kyldyk. Eý, Perwerdigär, bizi bu zalym kowuma maftun - aldanyjy edip goýma.

86. We Özüň rehim eýläp, bizi bu kapyr kowumdan gutar."

87. Biz Musa we onuň doganyna: "Kowumlaryňyz üçin Müsürde jaýlary taýynlaň we ol jaýlaryňyzda kybla-namazgäh edip, namazy doly berjaý ediňler. (Eý, Musa), iman getiren- lere (tiz eňiş gazanyşlary hakynda) hoşhabar beriň" diýip wahyý iberdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Firawun we onuň ".adamlary Beni Ysraýyl 'kowumyny gorkuzyp, olaryň ybadathanalaryny weýran edip goýberende, Alla tagalla Öz pygamberleri Musa we Haruna ýokardaky meşhur bolan permanyny wahyý edip iberýär we ýakyn wagtda Firawun zulmundan halas bolup, ýeňiş gazanjakdyklary hakynda hoşhabar beripdir diýip, rowaýat edilýär.

88. Musa aýtdy: "Perwerdigärim, hakykatdan hem, Sen Firawun we onuň adamlaryna bu dünýäde zer-zynat we mal-dünýä bagyş etdiň. Perwerdigärim, olar (ine, şu mal-döwletleri bilen adamlary) Seniň ýoluňdan azdyrandyklary üçin (şeýle etmegiň mümkinligini bilen ýagdaýda, muny olaryň kysmatyna öwürdiň). Perwerdigärim, olaryň

mal-dünýälerini (indi) ýok etgin, göwünlerini gaty etgin, täki içýakyjy azaby görýänçäler, iman getirmesinler".

89.(Alla) aýtdy: "Doga-dilegleriňiz kabul edildi. Dogry duruň we hergiz bilmeýän kimseleriň ýoluna eýermäň!"

90. Biz Ysraýyl kowumyny deňizden geçirenimizden soň, olara zulum etmek üçin Firawun we onuň leşgeri kowup ýetdi. Indi oňa (Firawuna deňizde) gark bolmak (wagty) ýetende bolsa, ol aýtdy: "Hiç hili ylah ýok, diňe Ysraýyl kowumynyň iman getireni - Allanyň barlygyna (men hem) iman getirdim. Men musulmandyryn - Alla boýun synyjydyryn".

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Musa pygamber Beni Ysraýyl kowumy bilen bile Firawunyň zulumyndan gutulmak üçin Müsürden çykyp gidenlerinde, ýollaryny tutup duran deňiz Allanyň gudraty bilen ikä bölünip, ondan sag-aman geçýärler. Olary kowalap gelýän Firawun we onuň leşgeri bolsa, deňziň ortasyna ýetende, ikä bölünen deňiz birleşip, hemmesi gark bolýar. Şonda basyp gelýän deňiz tolkunlaryny görüp, ajaş gözüne görnen Firawun özüniň hiç hili Hudaý däl (ol özüne şu wagta çenli "hudaý" diýip dawa edip gelýärdi), diňe özgeler ýaly ýönekeý adamdygyny boýun alyp, ýalňyz Alladan başga hiç hili ylahyýnyň, ýoklugyna iman getirýär we "Men musulmandyryn - Alla boýun synyjydyryn" diýýär, Ýöne aşakdaky aýatlardan mälim bolşuna görä, Alla onuň imanyny kabul etmeýär, diňe başga adamlaryň görüp, ybrat almagy üçin onuň jesedi deňziň kenaryna çykarylyp taşlanýar. Bu aýaty-kerimler yslam taglymatyndaky "tutuş ömrüni dinsiz - öz göwnüne gelşine görä geçirip, jany çykjak bolanda, Alla iman getiren kimseleriň imany makul däl" diýen düşünjäniň esasydyr.

91. Indiden soňmy?! Sen owal (şu wagga çenli) etagatsyz we bozgak kimselerden bolupdyň ahyry!

92. Ine, bu gün özüňden soňky kişilere aýat-ybrat bolmagyň üçin seniň jesediňi halas edýäris. Hakykatdan hem, köp adamlar Biziň aýatlarymyzdan gapyldyrlar (ýagny, öz wagtynda ybrat-görelde

almaýarlar).

93. Şübhesiz, Biz Ysraýyl kowumyny gözel menzile ýerleşdirdik we olara halal-päk zatlardan rysky-ruz berdik Soň olar tä bilim (ýagny, Töwrat) gelýänçä, biri-birleri bilen dawa etmediler Elbetde, Perwerdigäriňiz kyýamat gününde dalaşyp-dartyşan zatlary hakynda olaryň arasynda Özi häkimlik eder

DÜŞÜNDIRIŞ Beni Ysraýyl kowumy Musa alaýhy-s-salama iman getirenlerinden soň, ilkibaşda agzybir ýaşadylar. Haçanda Musaga Töwrat inderilende, olaryň arasynda ýene oňuşyksyzlyk peýda boldy. Ýokardaky aýatda olaryň işlerini Perwerdigäre tabşyrmak buýrulýar.

94.(Eý, Muhammet) eger size hasyl eden zadymyza (ýagny, -owal öten kowumlar hakynda inderen aýatlarymyza) şübhe etseňiz, onda Özüňizden owalky kitaby (ýagny, Töwrady ýa-da Injili) okan kişilerden soraň! Anyk ki, size Perwerdigäriňiz tarapyndan Hak-Gurhan geldi. Bes, hergiz şübhe edijilerden bolmaň!

95. We hergiz Allanyň aýatlaryny ýalan diýýänlerden bolmaň ki, onda zyýaikärlerden bolup galarsyňyz.

96-97. Elbetde, boýnuna Perwerdigäriňiziň Sözi (ýagny, azaby) wajyp bolan kimseler, olara hernäçe aýat-mugjyzalar gelse-de, tä ejirli azaby görýänçäler, iman getirmeýärler.

98. Hany indi (biziň heläk eden obalarymyzyň içinde) bir obanyň ili (öz pygamber- leriniň, aýdan azabyny syzan wagtlarynda) iman getirselerdi, elbetde, imanlary kömek ederdi (ýagny, heläk bolmazdylar). Diňe Ýunus kowumyna (şeýle etdik). Iman getiren batlaryna olardan pany dünýädäki ryswalyk azabyny aýyrdyk we mälim bir wagta çenli (ýagny, öz ajallaryna wepat edýänçäler ýaşaýyşdan) peýdalandyrdyk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýunus pygamber öz kowumyny iman getirip, Allanyň dinine girmäge çagyranda, iman getirmeseler, olaryň başyna düşjek azap bilen

gorkuzyp, özi olaryň arasyndan çykyp gidýär. Pygamberleri gideninden soň, Allanyň azaby ýakynlaşyp gelýänini syzan kowum toba-tagsyr edip başlaýar. Şonda Alla tagalla çyn ýürekden eden tobalaryny kabul edip, olary azapdan halas edýär.

99. Eger Perwerdigäriňiz islesedi, Ýer ýüzündäki ähli adamlar iman getirerdi. Eýsem, siz adamlary mömin bolmaga mejbur edermisiňiz?! (ýagny, beýle iş etmek dürs däldir, çünki, diňe adamyň öz isleg-yggyýary bilen getiren imany makuldyr).

100. Allanyň idin-eradasy bolmasa, hiç bir jan mömin bolup bilmez. Ol (Alla) paýhaslanmaýan (gapyl) kimseleri azaba duçar edýär.

101.(Eý, Muhammet, mekgeli müşriklere) aýdyň: "Asmanlar we Ýerdäki zatlara (ýagny, hemme zadyň ýeke-täk ýaradyjysynyň(bardygana delalat ediji belgilere) syn ediň. (Çünki) iman getirmedik kowum üçin (hiç hili) aýat-mugjyzalar we görkezmeler peýda bermez.

102. Olar diňe özlerinden ozal öten (kapyr) kimseleriň gününe meňzeş (bir güne, ýagny, kyýamata, Allanyň azaby)na garaşýarlarmy?! (Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Garaşyberiň. Men hem siziň bilen bile garaşýandyryn" (diýip).

103. Soňra (ýagny, kyýamat gelip, azap hasyl bolandan soň), pygamberlerimize we iman getirenlere najat (kömek) berýäris. Şeýdip, (akybetde) iman getirenlere najat bermek Biziň boýnumyzdaky borç boldy.

104. Aýdyň: "Eý, ynsanlar, eger siz meniň dinime şek-şübhe etseňiz, bes, (bilip goýuň) men siziň Allany goýup, sygynýan butlaryňyza ybadat etmerin, diňe Siziň janyňyzy alýan Alla ybadat edýärin. We men mömin bolmak üçin ýaradylandyryn.

105-106. We (maňa buýrulan ki) özüňizi hemişe dogry bolan dinde (yslamda) saklaň, zynhar, müşriklerden bolmaň we Allany goýup,

size peýda hem, zyýan hem ýetirip bilmeýän zada (butlara) sygynmaň! Bes, eger şeýle etseňiz, onda zalymlardansyňyz.

107. Eger Alla size bir zyýan ýetirse, ony diňe Özi gaýtarýar. Eger size bir ýagşylyk (ýetirmegi) erada etse, Onuň fazly-merhemetini gaýtaryp alyjy ýokdur. Ol Özi halan bendelerine ýagşylyk ýetirer. Ol magrypatly, mähribandyr".

108. Aýdyň: "Eý, ynsanlar, size Perwerdigäriňizden Hak-Gurhan geldi. Bes, kim hidaýat ýoluna ýörse, diňe öz peýdasyna ýöredügidir. Kim (bu dogry ýoldan) azsa, diňe öz zyýanyna azaşýandyr. Men siziň goragçyňyz däldirin" (diýip).

109.*(Eý, Muhammet), özüňize wahyý edip iberilen zada (ýagny, emri-permanlara) eýeriň we täki Alla Öz hökümini inderýänçä (çagyryş ýolundaky muşakgatlara we dinsiz kimseler tarapyndan ýetýän azarlara) sabyr (takat) kylyň. Ol (Alla) höküm edijileriň iň ýagşysydyr.*

11. HUD SÜRESI

Bir ýüz ýigrimi üç aýatdan jemlenen bu süre Mekgede hasyl bolan. Bu sürede Nuh, Hud, Salyh, Lut, Şuaýb, Musa we başga pygamberleriň-en-biýalaryň kyssalary hekaýat edilýär. Beýle etmek bilen göz öňünde tutulýan maksat - birinjiden: ähli möminlere owalky öten pygamberler we olary ýalançy hasaplan kowumlaryň bagtsyzlyga uçraýyşy hakynda maglumat bermek bolsa, ikinjiden: ýakynda iki ezizinden - daýysy Abu Talypdan hem-de jübüti-halaly (aýaly) Hatyjadan aýrylan we mydama Mekge köphudaýlylary (müşrikleri) tarapyndan jebri-sütemlere duçar bolýan Muhammet alaýhy-s-salama özünden öňki pygamberleriň, durmuşy we olaryň Hak ýoly başlamak ugrunda çeken kynçylyklaryny beýan etmek bilen teskin-teselli bermekdir.

Bu süre Gurhany-kerimiň aýyp-nogsanlardan päk we many-maňzyna hiç haçan hiç kim tarapyndan päsgel ýetmeýän ylahyý Kitapdygyny taryp-lamak bilen başlanyp, Alla-tagalanyň, bendelerine pygamber ibermekden gözlän hikmetini beýan etmek bilen tamamlanýar. Süre Alla-tagala tarapyndan Aat kowumyna iberilen Hud pygamberiň ady bilen atlandy-rylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Elip, Lam, Ra. (Bu) siziň diňe Allaga ybadat etmegiňiz üçin, hikmet sahyby we (hemme zatdan) habardar (beýik) Alla tarapyn aýatlary bozulmaýan pugta we anyk berlen bir Kitapdyr. Men bolsa, size Ol (beýik) tarapyn iberilen (pygamber bolup, dinsiz kapyrlary dowzah azabyndan) gorkuzyjy we (möminlere jennet) hoşhabaryny eltijidirin.

3.(Alla size emr edýär) Perwerdigäriňizden magrypat (geçirim) soraň, Soňra Onuň Özüne toba ediň, şonda (Ol) sizi mälim mütdete çenli (ajalyňyz ýetinçä) gözel matag (rysk) bilen bahrement (şadyýan) eder we her bir ýagşylyk sahybyna ýagşylyk berer. Eger ýüz

öwürseňiz, onda men size Ulug günde (ýagny, kyýamat güni) azap ýetmeginden gorkýaryn.

4. Allanyň Özüne gaýdyşyňyz bar. Ol bolsa, hemme zada kadyrdyr (başarýandyr).

5. Habardar boluň ki, elbetde, olar (kapyrlar) Ondan syr saklamak üçin ýüreklerindäki (ýamanlyklaryny)ny ýaşyrýarlar. Ägä bolsunlar kim, olar geýimlerine (nikaplaryna) çolanan çaglarynda hem, Alla olaryň ýaşyran hem äşgär eden zatlaryny biler. Hakykatdan hem, ol ýürekleri eýelän syrlary bilijidir.

6. Ýörmeleýän (janly-jandarlaryň) rysgy Allanyň boýnundadyr. Ol (Alla) olaryň ýaşaýan ýerlerini hem, barýan ýerlerini hem bilýär. Hemme zat açyk-röwşen Kitapda bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatdaky açyk-röwşen Kitapdan maksat-myrat Lawhul-Mahfuzdyr. Lawful-Mahfuz gökdäki, öten, häzir möwjit (bolýan) we gelejekde boljak ähli wakalar, hadysalar, zatlar ýazylan öçmez Lawh, ýagny, Alla tagalanyň bilimidir.

7,.*Ol (Alla) siziň haýsyňyzyň ýagşy amal edip ýaşaýandygyňyzy synamak üçin asmanlary we ýeri alty günde ýaradan beýikdir. Ozallar Onuň arşy suw üstündedi (ýagny, Onuň tagtynyň aşagynda suwdan başga hiç zat ýokdy).*

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Alla tagala asman-zemini ýekşenbeden juma gününe çenli - alty günde ýaradypdyr. Islän zadyny "Bol!" diýen bir söz bilen perman berip, ýokdan bar ediji beýik Ýaradanyň ýeri-gögi ýaratmakda şeýle howlukmagynyň sebäbi, asmanu-ýerdäki iň kiçijik bölekden başlap, iň uly barlyga çenli hemme zat şeýle ussatlyk bilen öz ornuna goýulypdyr, bu tertip-intizama daşyndan haýsy-da bolsa bir güýç emeli ýol bilen golaýlaşsa, ehli älem deňölçegine zeper ýetýär. Bu aýaty-kerim bilen Alla nähili möhüm iş etjegem bolsak, hususan özgelere (janly-jansyz zatlara) bagly işleri amala aşyrmazdan öňürti howlukman, maslahatlaşmak bilen gadam goýmagy ündeýär.

(Eý, Muhammet), kasam ki, eger siz: "Şek-şübhesiz, öleniňizden soň, gaýtadan dirilýär -siňiz" diýseňiz, elbetde, kapyr bolan kimseler: "Bu açyk sähr-jadydan özge zat däldir" diýdiler.

8. Kasam ki, eger olara azap bermegi mälim mütdete gijikdirsek, elbetde, olar: Ony (azaby) näme saklaýar?" diýip ýaýdanýarlar. Ägä bolsunlar kim, ol (azap) gelen güni olardan gaýdyp gidiji bolmaz we üstünden gülen zatlary olary gurşap (girdabyna dolap) alar.

9. Kasam ki, eger Biz ynsana rahmet-merhemetimizi dadyryp, soňra Özümiz ony (gaýdyp) alsak, onuň näumyt (bolup), näşükürlik etjegi şübhesizdir.

10. Kasam ki, eger oňa bir zyýan - mähnet ýetenden soň, Biz näz nygmatlary dadyrsak, ol, elbetde: "Barça ýamanlyklar menden daş gitdi"diýdi. Hakykatdan hem, ol (özüne ynananyndan) magrur (şat bolar) we magtanar.

11. Meger (belaly günlerde) sabyr edip, (sapaly günlerde) ýagşy amallar edýänler bar bolup, ana, şolar üçin geçirim we uly sogap bardyr.

12.(Eý, Muhammet), ähtimal, siz (müşrikler): "Oňa asmandan hazyna-baýlyk inderilse ýa-da onuň bilen bile (onuň pygamberdigini tassyklaýan) bir perişde gelse bolmadymy?" diýişeninden, özüňize wahyý edilen aýatlaryň käbirini (olara ýetirmegi) bes edersiň we şu sebäpli, kalbyňyz gysylar! (Ýok, sen özüňe hasyl edilen aýatlary adamlara doly ýetiribergin, çünki) Siz diňe (kapyrlary dowzah azabyndan) gorku-zyjysyňyz, bolany. Alla hemme zadyň üstünden wekil-seredip durujydyr.

13. Ýa-da: ony (ýagny, Gurhany Muhammet) toslandyr" diýdilermi? Aýdyň: "Onda, eger rastgöý (dogruçyl) bolsaňyz, Alladan özge, öz güýjüňiz ýetýän butlary (kömege) çagyryp, şuňa meňzeş on sany "toslanan" süre getiriň!

14. Bes, eger olar (ýagny, Allany goýup, sygynýan butlaryňyz) size jogap bermese, onda bilip goýuň, elbetde, bu (Gurhan) Allanyň ylmy-ezeli bilen hasyl edilendir we Ondan özge hiç bir ylah ýokdur. Indi musulman bolmarmysyňyz?" (diýip).

15. Kim (diňe) şu durmuşy-dünýäni we onuň zer-zynatlaryny, görküni isleýän bolsa, olara eden amallarynyň (sogabyny-sylagyny) şu dünýäde kemally edip berýäris we olar bu dünýäde zelel görmeýärler.

16. Onuň ýaly kimseler üçin ahyretde dowzah odundan özge hiç hili nesibe ýokdur. Olaryň bu dünýäde eden ähli ýagşylyklary biderek gider we edip giden amallary bipeýdadyr.

17. Ýeri, indi Perwerdigäri tarapyn anyk hüjjete (ýagny, Gurhana) eýe bolan kişi (diňe durmuşy-dünýäniň lezzetini gözleýän kimseler bilen barabarmy?) Aslynda Alla tarapyn ilçi (ýagny, Jebraýyl perişde) onuň (Muhammet alaýhy-s-salamyň) hemrasydyr we ondan (ýagny, anyk delil bolan Gurhandan) öň (Ysraýyl kowumy üçin gelen) ýol görkeziji we (Allanyň) merhemeti bolan Musanyň Kitaby (Töwrat) bardyr. Ana, şolar (ýagny, anyk hüjjet-delil eýeleri) oňa (Gurhana) iman getirerler. Barça toparlar arasyndan kim ol Gurhana kapyr bolsa, oňa wada edilen jaý-dowzahdyr. Bes, (Eý, Muhammet), siz ol barada şek-şübhä düşmäň! Elbetde, ol Perwerdigäriňiz tarapyn gelen hakykatdyr. Emma adamlaryň köpüsi iman getirmeýärler.

18. Allanyň şanyna ýalan ýöňkän kimselerden hem zalym kim bar?! Beýle kimseler (kyýamat gününde) Perwerdigäre ýüzbe-ýüz ediler we barça güwäler: "Ine, şular Perwerdigäriň şanyna ýalan sezleri sözlänler" diýerler. Habardar boluň ki, beýle zalymlara Allanyň lagnaty bolar.

19. Ol zalym kimseler (adamlary) Allanyň ýolundan sowup, ony (Allanyň ýoluny) bozmakçy bolýarlar. Olar ahyreti bütinleý inkär edýärler.

20. Beýle kimseler Ýer ýüzünde (azapdan) hiç ýere gaçyp gutulmaz we olar üçin Alladan özge dost-ýar (medetkär) hem bolmaz. Olara azap birnäçe esse ediler. (Gerçe olara Haky eşitmekleri, görmekleri üçin gulak, göz berlen bolsa-da), eşidiji hem, görüji hem bolmadylar.

21. Olar öz-özlerine zyýan eden kimselerdir. Özleriniň ýasan (sygnan) butlary bolsa, (bir peýda-da bermän) olardan gaýyp boldy.

22. Olaryň ahyretde ýene-de uly zyýan görüjilerden boljakdygyna şek-şübhe ýokdur.

23. Elbetde, iman getirip, ýagşy amallar eden we Perwerdigärine etagat edip, boýun synanlar-ana, şolar jennet eýeleri bolup, şol ýerde ebedi galarlar.

24. Bu iki toparyň (ýagny, kapyrlar bilen möminler toparynyň) mysaly, edil köru-ker bilen görýän we eşidýäniň mysalydyr. Şu ikisi biri-birine deň bolarmy?! Ybrat almaýaňyzmy?!

25-26. Hakykatdan hem, Biz Nuhy öz kowumyna (pygamber edip) iberdik. (Ol aýtdy): "Elbetde, men siziň diňe Alla ybadat etmegiňiz üçin (açyk ýol) görkezijidirin. (Eger ýalňyz Alladan özge birewe sygynsaňyz), siziň üstüňize alamly azap gününiň düşjeginden gorkarmen".

27. Şonda onuň kowumynyň arasyndaky kapyr bolan kimseler: "Biz seni özümiz ýaly adam hasaplaýarys we saňa diňe içimizdäki peskeş (aýakýalaňaç) kimseleriň oýlanmazdan, tirke- şenini görýäris. Biziňçe, siziň bizden bir artyk ýeriňiz ýok, belki, biz sizi ýalançy hasap edýändiris" diýdiler.

28. Ol aýtdy: "Eý, kowumym, hany habar beriň, eger men Perwerdigärimiň tarapyndan anyk hüjjete eýe bolsam we Ol maňa Öz dergahyndan rahmet-pygamberlik eda eden bolsa, bu size gizlin (galan) bolsa, biz sizi özüňiziň islemeýän halyňyzda (iman getirmäge) mejbur ederismi?!

29. Eý, kowumym, men sizden bu (çakylygym) üçin mal-düne soramaýaryn: Meniň sogap-sylagym diňe Allanyň garamatyndadyr. We men (siziň sözüňize gidip) iman getiren kişileri (ýanymdan) kowmaryn hem. Çünki, olar Perwerdigärime ýüzbe-ýüz boljaklardyr (eger, garyp bolandyklary üçin ýanymdan kowsam, elbetde, kyýamat güni Perwerdigäre üstümden arz-şikaýat ederler). Ýöne men siziň nadan kowumdygyňyzy görýärin".

DÜŞÜNDIRIŞ. Nuh pygamberiň kowumynyň arasyndaky beýan - men-men emeldarlar oňa: "Eger töweregiňdäki aýakýalaňaçlary kowsaň, biz saňa iman getirerdik" diýenlerinde, pygamber olara jogap berip: "Men olary kowmaryn, ýöne siz bu talabyňyz bilen kişiniň ulylygyny ýa pesligini onuň baýdygy ýa-da garypdygy bilen ölçeýän nadan kowumdygyňyzy bildirdiňiz" diýdi.

30."Eý, kowumym, eger men olary (kemsidip) kowsam, kim maňa Alladan (ýagny, Allanyň azabyndan) kömek-najat berer?! Oýlap görmeýäňizmi?!

31. Men size: "Huzurymda Allanyň hazynalary bar" diýmeýärin. Gaýyby (gözden pynhan zatlary we hadysalary) hem bilmeýärin. "Men perişdedirin" hem diýmeýärin. Şunuň ýaly, siz özüňizçe ykarat edýän kişileriňiz hakynda: "Alla olara hiç hili ýagşylyk bermändir" diýip hem aýtmaýaryn. Olaryň ýüreklerindäki zady (niýeti) Alla örän ýagşy bilýär. Tersine (eger olar hakda ýokardaky najaý sözleri aýdan bolsam), men, elbetde, zalymlardan bolup galaryn".

32. Olar (kapyrlar) diýdiler: "Eý, Nuh, ine, biz bilen kän jedel etdiň. Indi eger rastgöýlerden bolsaň, bize wada beren zadyňy (ýagny, azaby) getir hany" (diýdiler).

33. (Nuh) aýtdy: "Ony size ýalňyz Allanyň Özi islän wagtynda getirer we siz şonda hiç ýere gaçyp gutulyp bilmersiňiz.

34. Eger Alla sizi ýoldan azdyrmagy islese, meniň nesihat berjek bolup urunanym bilen, nesihatym size peýda bermeýär. Perwerdigäriňiz Onuň Özüdir we diňe Onuň Özüne dolandyrylarsyňyz".

35. Ýa-da olar (ýagny, indi Kureýş kapyrlary): "Ony (ýagny, Muhammediň, Gurhanyny) özi toslap çykaran" diýdilermi? Aýdyň ("Eý, Muhammet): "Eger ony men toslap çykaran bolsam, günähim öz boýnumda. Emma men siziň eden jenaýatyňyzdan - dinsizligiňizden päkdirin" (diýip).

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatyň Nuh pygamber hakyndaky kyssanyň arasynda gelmegine sebäp, - Kureýş kapyrlary bilen Nuh kowumyndaky kapyrlaryň bir taýpadygy duýdurylýar.

36-37. Nuha wahyý kylyndy ki: "Kowumyňdan diňe owalda (birinji çakylyk wagtynda) iman getiren kişilerden başga hiç kim iman getirmeýär. Bes, olaryň (ýagny, heniz hem iman getirmedik kimseleriň) kylmyşlaryndan gaýgyrmagyn we biziň hafzy-himaýamyzda we Biziň wahyý-tälimimiz bilen bir gämi ýasagyn hem-de zalym kimseler hakynda (ýagny, olara kömek bermegi sorap) Maňa hitab-dileg salmagyn. Olar şek-şübhesiz gark ediler".

38. Ol gämini ýasaýarka, haçan öz kowumyndan bolan (kapyr) kimseler geçseler, ony masgara edip, güldüler. Ol aýtdy: "Eger (bu gün) siz bize gülseňiz, onda ýakynda edil siziň bize gülüşiňiz ýaly, biz hem siziň üstüňizden güleris".

39. Bes, ýakynda kime masgara ediji azap gelişini we kimiň üstüne baky azap düşüşini bilersiňiz.

40. Tä (haçanda) Biziň permanymyz gelip, ýerden tolkunlar atylan wagtynda, (Nuha) diýdik: "Ol gämä her (jandardan) bir jübütden we maşgalaň ähli agzalaryny çykar. Ýöne haýsy kimseler barasynda Biziň sözümiz (ýagny, gark bolmak baradaky hökümimiz) geçen bolsa, (bular ähli dinsizler we Nuh pygamberiň aýaly Waýyla bilen ogly Kengandy) olary terk etgin. Ýene iman getiren kişileriň ählisini (gämä mündürgin)!" Oňa (Nuha) iman getiren kişiler bolsa örän azdy.

41. Ol aýtdy: "Gämä münüň! Onuň ýöreýşi hem, duruşy hem Allanyň ady bilendir. Elbetde, Perwerdigärim geçirimli, mähribandyr".

42. Gämi olary dag ýaly tolkunlaryň arasy bilen alyp barýarka, Nuh bir çetde galan ogluna nyda kyldy (çagyrdy). "Eý, oguljygym, biz bilen bile gämä müngün, ol kapyrlar bilen bile galmagyn!"

43. Ol (ogly) aýtdy: "Meni suwdan saklaýan haýsydyr bir dagyň üstüne çykyp gitjek men". (Nuh) aýtdy: "Bu gün Allanyň emrinden saklaýjy ýokdur, meger, Özi rehim kylan kişilerini (saklar)".(Şol wagt) aralaryny tolkun kesdi-de, (onuň ogly) gark edilýänlerden boldy.

44.(Soňra) "Eý, Ýer, suwuňny ýuwutgyl, eý, asman, özüňi tutgul (ýagny, ýagyşy bes et) diýildi. Suw çekildi, perman ýerine ýetirildi we (gämi) Judiý dagynyň üstünde togtady hem-de: "Zalym kowuma heläket bolgaý" diýildi.

45. Nuh Perwerdigärine nyda kylyp, diýdi: "Perwerdigärim, elbetde, oglum meniň ilimden-maşgalamdandyr we şübhesiz, Seniň (ähli ilime kömek bermek dogrusyndaky) wadaň Hak wadadyr. Sen iň adalatly höküm edijisiň".

46.(Alla) aýtdy: "Eý, Nuh, ol seniň öwläňden (iliňden-maşgalaňdan) däl! Elbetde, (onuň kylan amaly - dinsizlik ýoluny tutany) ýaman amaldyr. Bes, öz ýagşy bilmeýän zadyň hakynda asla menden soramagyn! Elbetde, Men saňa jahyl-nadanlardan bolmazlygyňy buýurýaryn".

47. Ol (Nuh) aýtdy: "Perwerdigärim, men Senden özümiň bilmeýän zadymy soranym üçin pena dileýärin! Indi eger meni magrypat edip (geçirim edip) Öz rahmetiňe almasaň, zelel görüjilerden bolar men".

48.(Şonda) aýdyldy: "Eý, Nuh, Biziň dynç we salamat saklamagymyz bilen saňa hem-de seniň bilen bolan kişileriň zürýatlaryna bolýan bereketler bilen (gämiden ýere) düşgün. (Ýagny, sen we saňa iman getiren kişilere Biz tarapyn dynçlyk-amanlyk we faýzu-bereket ýeter). Ýene başga (ýagny, dinsiz) jemagatlar hem geler, Biz olary hem azajyk peýdalan- dyrarys, soňra bolsa, olary Biz tarapyn alamly azap tutar".

49.(Eý, Muhammet), bular Biziň size wahyý kylan gaýyp habarlardandyr. Ozal bulary ne siz we ne siziň kowumyňyz bilýärdi. Bes (hak dine çagyrmakda kapyrlaryň, ýetirýän azar- laryna) sabyr ediň. Elbetde, akybet - netije Alladan gorkýan kişileriňkidir.

50. Aat kowumyna öz byradarlary Hudy (pygamber kyldyk). Ol aýtdy:"Eý, kowumym, Allaga ybadat kylyň! Siz üçin Ondan özge birem ylah ýokdur. Siz (dürli-dürli butlary) diňe özüňiz ýasaýarsyňyz, bolany (olar sygynmaga ýaramaýar).

51. Eý, kowumym, men sizden bu (çakylygym) üçin sylag-serpaý soramaýaryn. Meniň hormat-sylagym diňe meni Ýaradanyň elindedir. Akyl ýöretmeýärsiňizmi, ahyry?!

52. Eý, kowumym, Perwerdigäriňizden geçirim soraň, soň Oňa! toba-tagsyr kylyň, şonda Ol üstüňize asmandan ýagmyr guýdurar we güýç-kuwwatlaryňyza ýene güýç-kuwwat goşar. Günäkär bolup,

(ýüz öwrüp gitmäň)".

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýatlara görä Aat kowumynyň ýerine üç ýyllap ýagyş ýagman, gurakçylyk bolup, olaryň gyrlyp gutarmagyna az galypdyr. Diňe beden taýdan güýçli kowum bolandyklary sebäpli, zordan gün geçirýän ekenler. Munuň üstesine-de, olar perzentsizlik derdine duçar bolupdyrlar. Ýokardaky aýat olara: "Eger Perwerdigäriňize toba-tagsyr etseňiz, asmanda ýagman duran ýagyşy guýduryp, ýeriňizi bol suwly hasylly eder hem-de güýç-kuwwatlaryňyzy ýene-de artyk edip, nesil-öwlatlaryňyza ýene täze-täze nesil goşar" diýip düşündirilýär.

53. Olar aýtdylar: "Eý, Hud, sen bize (öz pygamberdigiňi tassyklaýan) bir (hiç hili) hüjjet getirmediň. Biz seniň gury gepiň bilen hudaýlarymyzy terk ediji däldiris. We biz saňa iman getirijiler (hem) däldiris".

54-55. "Biz diňe: "Seni hudaýlarymyzyň biriniň bir bela (bilen zyýan ýetirip) goýany hasaplaýarys bolany". Ol (Hud) aýtdy: "Elbetde, men Allany güwä getirýärin, ýene özüňizem güwä boluň ki, men siziň Allany goýup, (Oňa ýasama-ýalan hudaýlary) şärik etmegiňizden bizardyryn. Ana, indi ähliňiz bir bolup, hiç çekinmän - gijä goýman maňa garşy bilýän hiläňizi ediberiň.

56. Men diňe meniň hem, siziň hem Perwerdigärimiz bolan Alla söýendim. Ýörmelän zatlaryň bary Onuň el astyndadyr (ynam-ygtyýaryndadyr). Perwerdigärim, şek-şübhesiz, Dogry ýoldadyr.

57. Indi eger (meniň çakylygymdan) ýüz öwürseler, bes (bilip goýuň) men size ilçi edilip iberilen (men size hak) dini ýetirdim (bolany). Perwerdigärim (sizi heläk edip), deregiňize başga kowumy getirer we siz (öz günäleriňiz bilen) Oňa birem zyýan ýetirip bilmersiňiz. Elbetde, Perwerdigärim hemme zady görüp durujydyr".

58. Haçanda Biziň permanymyz (ýagny, azabymyz) gelende, Hud we onuň bilen bile iman getiren kişileri Öz rahmet-merhemetimiz bilen gutardyk we olara uly azapdan najat berdik (halas etdik).

59. Perwerdigäriniň aýatlaryny inkär eden, Onuň pygamberlerine isýan (gozgalaň) eden we ähli kaýsar (Hud pygambere garşy çykyp), zalymlaryň emri-permanyna boýun synan Aat kowumy - ana, şolar (kapyrlar)dyr.

60. Olara bu dünýäde hem, kyýamat gününde hem lagnat aýdylar. Ägä boluň ki, elbetde, Aat kowumy (Huda boýun synman) Perwerdigärine kapyr boldular. (Ýene) ägä boluň ki, Huduň kowumy bolan - Aat heläkete uçrady.

61. Samud kowumyna öz doganlary Salyhy (pygamber etdik). Ol aýtdy:"Eý, kowumym, Allaga ybadat ediň! Siz üçin Ondan özge birem ylah ýokdur. Ol sizi ýerden (palçykdan) peýda kylyp, oňa ornaşdyrdy. Bes, Ondan magrypat soraň we Oňa toba-tagsyr kylyň. Elbetde, Perwerdigärim bendelerine ýakyn we (dogalaryny) kabul edijidir".

62. Olar aýtdylar: "Eý, Salyh, sen ozal biziň aramyzda (biziň ynanýan) umytly kişidiň-le. Indi bizi ata-babalarymyzyň ybadat edip gelýän butlara ybadat etmekden gaýtarýarmysyň?!Elbetde, biz seniň ündeýän diniňe şek-şübhelidiris".

63. Ol aýtdy: "Eý, kowumym, hany, habar beriň, eger men Perwerdigärim tarapyn anyk hüjjete eýe bolsam we maňa Özüniň rahmetini - pygamberligi eda eden bolsa, (şondan soň) men Oňa isýan kylsam (dänsem), o halda Alladan (ýagny, Onuň azabyndan) meni kim gutarar?! Bes, siz (meni isýana çagyryşyňyz bilen) zyýandan özge zat getirmersiňiz?!

64. Eý, kowumym, ine, bu Allanyň (iberen) düýesi siz üçin aýat-mugjyza bolup geldi. Bes, ony Allanyň ýerinde iýip-içip ýörmäge öz halyna goýberiň we oňa birem ýamanlyk ýetirmäň, bolmasa, sizi ýaman azap tutar".

65. Olar bolsa, düýäni soýdular. Şonda (Salyh) aýtdy: "Öý-jaýlaryňyzda üç gün (dirilik nygmatyndan) lezzet alyň. Ine, şu çyn wadadyr".

66. Indi haçanda Biziň permanymyz (iberen belamyz) gelende, Salyh we onuň bilen bile iman getiren kişilere Öz rahmetimiz bilen (ol azapdan) we şol gündäki şermendelikden najat berdik. Elbetde, Perwerdigäriňiz hakyky güýç-gudrat eýesidir.

67-68. Zalym kimseleri bolsa, elhenç gykylyk tutup, göýä ol ýerde hiç haçan ýaşamadyk ýaly duran ýerlerinde aşak ýykyldylar. Habardar boluň ki, elbetde Samud kowumy Perwerdigäre kapyr boldular. (Ýene) habardar boluň ki, Samud kowumy heläkete uçrady.

69. Hakykatdan hem, Biziň ilçilerimiz perişdeler Ybraýyma (Ishak atly perzent görjegi hakda) hoşhabar bilen gelip, salam berdiler. Ol hem: "Salam" diýdi-de, garap durman, bir göläni gowrup getirdi.

70. Indi haçanda olaryň owkada el uzatmaýanlaryny görüp, olara şübhelendi we olardan howp edip başlady. (Şonda) olar: "Gorkma, biz (perişdelerdiris - tagam iýmeýäris) Lut kowumyna (olary heläk etmek üçin) iberilendiris" diýdiler.

71.*(Perdäniň aňyrsynda Ybraýymyň) aýaly durdy. Ol (perişdeleriň Lut kowumyny heläk etmäge gelendiklerini eşidip) güldi-şat boldy. Şonda (perişdelerimiz arkaly) ol aýala Ishak (atly ogul görjegi) hakynda we Ishakdan soň Ýakup (atly nebere görjegi) hakynda hoşhabar berdik.*

72. Ol aýtdy: "Eý, waý, özüm kempir, ärim garry bolsa hem (çaga) dograrynmy? Bu juda täsin iş-le!".

73. Olar aýtdylar: "Allanyň emrine geň galýarsyňmy? Eý, öý eýeleri, size Allanyň rahmeti we bereketi bolgaý. Elbetde, Ol hamdy-sena (öwgi-alkyş) eýesi bolan beýikdir".

74-75. Indi haçanda Ybraýymdan gorky gidip, oňa hoşhabar ýetenden soň, (ol) Biz (ýagny, perişdelerimiz) bilen Lut kowumy (olary heläk etmäge howlukmazlyk) hakynda jedelleşip başlady. Aslynda, Ybraýym göwünjeň, çekinjeň, ybadatly kişidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ybraýym alaýhy-s-salam perişdelerden Lut kowumynyň heläk ediljekdigi hakynda eşidende, olara: "Eger ol ýerde dinsiz kimseleriň arasynda elli musulman hem bolsa, barybir heläk edermisiňiz? - diýipdir. Olar: "Ýok diýip jogap berenden soň: "Eger kyrk musulman bolsa nä? diýip soraýar. Olar: "Ýok, heläk etmeris" diýýär. Ahyry Ybraýym: "Egsr ol srde bir musulman bolsa näme?" diýende olar ýene: "Ýok, ol dinsizler arasynda bir musulman bolsa hem, olary heläk etmeris" diýip jogap berenden soň Ybraýym: "Ol ýerde Lut bar ahyry!" diýdi. Şonda perişdeler Luta we oňa iman getiren kişilere Alla-tagallanyň najat berjegini aýtdylar.

76.(Perişdeler aýtdylar):"Eý, Ybraýym, bu jedeli goý. Çünki, Perwerdigäriň permany eýýäm geldi. Elbetde, olary gaýtaryp bolmaz azap geljekdir".

77. Haçanda ilçilerimiz Lutuň alnyna gelenlerinde, ol şeýle ýaman halata düşdi we olaryň gelişlerinden ýüregine dowul düşüp: "Bu gün agyr gündür" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Perişdeleriň gelmeginden Lutuň dowul tapmagynyň sebäbi, olar ýaş we hoşroý ýigitler suratynda gelipdiler. Lut kowmyndaky dinsiz kimseler bolsa, azgynlyk derdine ýolugypdylar. Şonuň üçin olar bu owadan ýigitleriň gelenini duýsalar, hökman erbetlik ederler diýip, Lut pygamber howatyrlanyp, howsala düşdi.

78. (Dogrudan hem, Lut pygamberiň ýanyna ýigitleriň gelenini eşiden- lerinden soň), kowumlary onuň ýanyna ylgaşyp geldi. Olar öňden bäri ýaman işler - zyna edýärdiler. Ol aýtdy; "Eý, kowumym, ol gyzlarym (ýagny, şäherimizdäki gyzlar) siziň üçin päkdirä (ýagny, şolara öýleniberseňiz bolmazmy?!) Bes, Alladan gorkuň we myhmanlarymyň öňünde meni masgara etmäň. Araňyzda birjigem dogry ýola ýöreýän kişi ýokmy?!".

79. Olar aýtdylar: "Gyzlaryňa mätäç däldigimizi hem sen örän ýagşy bilýäň".

80. (Lut): "Wah, size bir güýjüm ýetse ýa-da güýçli bir daýanjym bolsa" diýdi.

81. (Şonda perişdeler) aýtdylar: "Eý, Lut, biz Perwerdigäriň ilçileridiris. Olar saňa hergiz degip bilmezler, Bes, sen gijäniň galan böleginde (tiz) öwläňi-maşgalaňy alyp çykyp git we siziň araňyzdan aýalyňyzdan başga hiç kim daş-töwerege ýaltaklamasyn! Şunlukda, oňa (aýalyňa) hem olara ýeten bela ýetýändir. Olara wada edilen wagt säher, eýsem, säher ýakyn dälmi?".

DÜŞÜNDIRIŞ. Luta we hemralaryna çykyp gaýdanlarynda, töwerke ýaltaklamazlyk buýru- landygynyň sebäbi, olaryň galanlaryň başyna gelen bela-apaty görüp, gyýylmazlyklary üçindir. Lutuň aýaly bolsa, şol kapyrlar toparyidandy. Şu sebäpden.äri bilen şäherden çykyp gidip barýarkalar, töweregine ýaltaklap, yzda galan dostlarynyň başlaryna düşýän belany görüp: "Eý, kowumym-a!" diýenem şoldy welin, bir daş gelip, oňa degip, gidip barýan ýerinde demini çekmän, ölýär.

Lut alaýhy-s-salam öz kowumynyň kufründen şeýle bir gazaplanypdy, olaryň, derhal heläk bolmaklaryny isläpdi we sähere çenli ýaşamaklaryny hem köp görüpdi. Şu sebäpden perişdeler oňa: "Säher ýakyn dälmi? diýip hytap edýärler, ýüzlenýärdiler.

82-83. Indi haçanda Biziň permanymyz (azabymyz) gelende, ol jaýlary astyn-üstün edip goýberdik we olaryň (kapyrlaryň) üstüne

Perwerdigäriňiziň dergahynda belgilenip goýlan sapan (gaty palçykdan ýasalan) daşlary haýdan-haý ýagdyrdyk. (Eý, Muhammet) ol jaýlar bu zalymlardan (ýagny, Mekge müşriklerinden) yrak däldir (ýagny, şol dinsizleriň akybetiniň, neme bolandygyny görüp ybrat-sapak alsalar bolmadymy?!).

DÜŞÜNDIRIŞ. "Perwerdigäriň dergahynda belgilenip goýlan sapan daşlaryň" manysy: her bir daşyň kime baryp degjegi ýazylyp goýlandyr diýmekdir.

84. Madýan kowumyna öz byradarlary Şuaýby (pygamber etdik). Ol aýtdy: "Eý, kowumym, Allaga ybadat ediň! Siz üçin Ondan özge birjigem ylah ýokdur. We ölçeg bilen tereziden urup galmaň. Men siziň ýagşylykda (ýagny, dökän-saçanlykda) ýaşaýandygyňyzy görüp durun. We men (eger iman getirmeseňiz) siziň üstüňize dolap alyjy (girdabyna dartyjy) Kyýamat Gününiň azabynyň düşmeginden gorkýaryn.

85. Eý, kowumym, ölçegi we terezini adalat bilen dogry çekiň! Adamlaryň zatlaryny (hakyny) alyp galmaň we ýerde azgynlyk bilen haram edip ýörmäň!.

86. Eger mömin bolsaňyz,(haram-hyrş ýollar bilen baý-döwletli bolanyňyzdan) Allanyň beren (halal) zatlary siz üçin ýagşyrakdyr. Men siziň gözegçiňiz däldirin".

87. Olar (onuň üstünden gülüp); "Eý, Şuaýb, biziň ata-babalarymyzyň ybadat edip gelýän butlaryny terk etmelidigimizi ýa-da öz mal-mülkümizi özümiziň isleýişimiz ýaly sarp etmeli däldigimizi saňa okaýan namazyň buýrup durmy?! Hakykatdan hem, sen juda öz erkli hem öz (dogry) ýoluňy tapypsyň!" - diýdiler.

88. Ol aýtdy:"Eý, kowumym, hany habar beriň, eger men Perwerdigärim tarapyndan anyk hüjjete eýe bolsam we Ol meni Özi

tarapyndan gözel rysk bilen rysklandyran bolsa, (şu halal rysgy harama garyşdyrmagym gerekmi)?! Men size goşulyp, siz ýaly (halaly harama goşmagy) özüme (rowa görmegi) islemeýärin. Men diňe imkanym (ýagdaýym) baryça islah etmegi (düzüw bolmagy) isleýärin, bolany. We muňa diňe ýalňyz Allanyň kömegi bilen eýe bolaryn. Özüne söýendim we Özüne dileg salýaryn.

89. Eý, kowumym, maňa boýun synmazlygyňyz hem Nuh kowumyna, Hud kowumyna, Salyh kowumyna ýeten belalar ýaly belalaryň ýetmegine sebäp bolaýmasyn. Lut kowumy hem sizden uzak däldir.

90. Perwerdigäriňizden magrypat soraň, soň Oňa toba-tagsyr kylyň! Elbetde, Perwerdigärim mähir-muhabbet sahybydyr".

91. Olar aýtdylar: "Eý, Şuaýb, seniň aýdýan zatlaryň köpüsini aňlap ýetip bilemzok we aramyzda bir ejiz kimsedigiňi görüp durus. Eger-de kowum-garyndaşlaryň bolmadyk bolsa, seniň üstüňe daş ýagdyrardyk. Sen biziň üçin - hormatly kişi dälsiň".

92. Ol aýtdy: "Eý, kowumym, meniň dogan-garyndaşlarym siziň üçin Alladan hem ezizmi?! Oňa arkaňyzy öwürdiňiz-le?! (Ýagny, siziň meniň kowum-garyndaşlaryma däl-de, belki, Allaga hormat goýmagyňyz gerekdir?!) Şübhesiz, Perwerdigärim edýän amallaryňyzy bilip-ihata kylyp (netijeläp, gözläp) durujydyr.

93. Eý, kowumym, öz bilýän işiňizi ediberiň, men hem (öz işimi) edijidirin. Ýakynda kime masgara edýän azap geljegini we kimiň ýalançydygyny bilersiňiz. Garaşyň, men hem siziň bilen garaşjakdyryn".

94-95. Haçanda Biziň permanymyz (azabymyz) gelende, Şuaýba we onuň bilen bile iman getiren kişilere Öz rahmetimiz bilen najat berdik. Zalym kimseleri bolsa, aýylganç gykylyk tutup, göýä hiç

haçan (dünýäde) ýaşamadyk ýaly, öz diýarlarynda dökülip galdylar. Habardar boluň ki, edil Samud kowumynyň heläkete uçraýşy ýaly Madýan kowumy hem heläkete uçrady.

96-97. Hakykatdan hem, Musany Öz aýat-mugjyzalarymyz bilen Firawun we onuň adamlaryna (pygamber edip) iberdik. Olar Firawunyň emrine boýun boldular. Aslynda, Firawunyň emri dogry däldir.

98. Ol (Firawun) kyýamat gününde öz kowumyny alyp baryp, dowzaha düşürer. Ol düşülýän iň ýaman jaýdyr!

99. Olara (şol kowuma) bu dünýäde hem, o dünýäde hem lagnat aýdylar. Ol (bu jeza) berilýän iň ýaman "ýardam"dyr.

100.(Eý, Muhammet), ine, şu Biziň size aýdanlarymyz şäherleriň habarlarydyr. Olardan häli-heniz abat duranlary hem bar, (bugdaý başy dek) orlup bitenleri, heläk bolup ýykylyp gidenleri hem bardyr.

101. Olara Biz zulum etmedik, belki, özleri özlerine zulum kyldylar. Bes, haçanda Perwerdigäriň permany (ýagny, azaby) gelende, Allany goýup, çokunan butlary olary hiç zatdan bihajat etmedi we olara zyýandan özge bir zat ýetmedi.

102. Perwerdigäriňiz (ähli eýeleri) zalym bolan şäherleri tutanda, ine, şeýdip tutýar. Onuň tutuşy - azaby ýowuzdyr we gatydyr.

103. Elbetde, bu kyssalarda ahyret azabyndan gorkan kişiler üçin aýat-ybratlar bardyr. Ol Gün barça adamlar toplanýan Gündür.

104. Biz ony diňe sanagly mütdete barýança gijikdirip duryarys, bolany.

105. Ol Gün gelende, bir jan hem gepläp bilmez, meger, diňe Onuň (Allanyň) idini bilen geplär. Bes, ol (Güne toplananlaryň) arasynda bagtsyzy hem bolar, bagtlysy hem.

106. Bes, indi betbagt kimseler dowzahda bolup, ol ýerde ahy-perýatlar edýärler.

107. Olar onda asmanlar we ýer durýança galarlar, meger, Perwerdigäriňiz islese (ýene Öz islän hökümini kylar). Ýaradan Perwerdigäriňiz diňe Öz islän işini edýändir!

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslamy düşünjä görä, Alla-tagala iki älem patyşasy bolany üçin bu dünýäde hem, ahyretde hem ähli işler diňe Onuň isleg-permanyna baglydyr. Şunlukda, möminleriň: "Biz uçmahydy-rys" diýip özlerinden çykmazlyklary üçin, günäkärleriň bolsa: "Biziň dowzaha düşjegimiz anyk" diýip, näumytlyga berilmän, özlerini düzetmekleri üçin - hemmeleriň hak ýola ymtylmagy gerekdir.

108. Indi bagtyýar ynsanlar bolsa, jennetde bolup, ol taýda asmanlar we Ýer durýança durarlar, meger, Perwerdigäriňiz halasa (ýene Öz islän Hökümini eder). Bu (ýagny, jennete düşmek bagtyna eýe bolmak Perwerdigäriňiziň) tükenmez ynamydyr.

109. Bes, siz, (eý, Muhammet) ana, olaryň (ýagny, müşrikleriň) ybadat kylan zadyndan şek-şübhede bolmaň (ýagny, olaryň nähak ýoldadygy anykdyr). Olar hem edil ata-babalary ýaly ybadat edýärler (buta sygynýarlar), bolany (olary hem ata-babalaryny heläk edişimiz ýaly heläk ederis). Elbetde, Biz olaryň nesibelerini (ýagny, jezalaryny) doly edip bereris.

110. Hakykatdan hem, Biz Musaga Kitap (ýagny, Töwrat) berenimizde, ol hakda ikirjiň -lediler (ýagny, käbir kişiler oňa iman getiren bolsalar, käbirleri ony inkär etdiler). Eger Perwerdigäriňiz tarapyndan (barça hasap-kitap kyýamat gününde bolar diýlen) Söz ötmände, olaryň arasynda (şu dünýäniň özünde kimiň hak, kimiň nähakdygy hakynda) höküm çykarylardy. Elbetde, olar (ýagny, Mekge müşrikleri) ol hakda (ýagny, Gurhan dogrusynda) şek-şübhe astyndadyrlar.

111. Kasam ki, elbetde, barça halaýygyň kylan amallarynyň jezasyny Perwerdigäriňiz kämil edip berer. Elbetde, Ol olaryň edýän amallaryndan habardardyr - ägädir.

112. Bes, (Eý, Muhammet), siz we siziň bilen bile toba kylanlar özüňize buýrulan täzelik - Dogry ýolda boluň! Egrilige düşmäň! Elbetde, Ol edýän amallaryňyzy görüp durandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Gurhanyň aýatlarynyň birisem Muhammet alaýhy-s-salama ýokardaky aýat ýaly kyn-agyr görünmändir. Şeýdip ol kişi pygamber bolany üçin Dogry ýolda Allanyň buýrugyça ýaşap ötmegiň nägadar kynlygyny hemmelerden ýagşy aňlaýardy. Şonuň üçin hem ol, ine, şu aýat hasyl bolanda "Şaýýabatni Hud" - ýagny, "Hud meni garrytdy" diýen eken.

113. Zulum ýoluny tutan kimselere berlip gitmäň (tirkeşmäň, eýermäň). Beýle etseňiz, size dowzah ody ýeter. Siz üçin Alladan özge birjigem dost ýokdur. Soňra (ýagny, zalymlara eýerseňiz) size ýardam berilmez.

114. Gündiziň her iki tarapynda we gijeden bir böleginde (bäş wagt) namazy doly eda kylyň! Elbetde, ýagşy amallar ýamanlygy - günäleri ýok eder. Bu gulak salýanlar üçin ýatlatmadyr.

115.(Eý, Muhammet), muşakgatlara (we azarlara) sabyr ediň! Çünki, Alla gözel amal ediji- leriň sogap-sylaglaryny zaýa etmez.

116. Bes, sizden owalky asyrlarda ötenleriň arasynda hem ýerde azgynlykdan gaýtarýan baky din eýeleri bolsalar, bolmazmydymy?! Olaryň içinde diňe Biziň najat beren käbir kişilerimiz (şeýlediler). Zalym kimseler bolsa, öz keýpi-sapalaryna berlip gitdiler we günäkär boldular.

117. Perwerdigäriňiz (hiç haçan) ol şäherleriň özlerini düzedip (hak ýola ýörän) ilini zulum bilen heläk eden däldir.

118-119. Eger Perwerdigäriňiz islesedi, barça adamlary bir millet (ýagny, bir dine eýeriji) ederdi. (Emma, Ol beýle bolmagyny islemedi. Şonuň üçin) olar (adamlar) mydam ihtilaf edýärler (ikirjiňlenýärler, şübhelenýärler), meger, Perwerdigäriňiziň rehim kylan kişileri (hak ýolda birleşip ýaşaýarlar). Olary şunuň üçin (ýagny, birewleriniň hak ýolda hidaýat tapmaklary üçin, başgalarynyň, bolsa, nähak ýollarda çekişip-dartyşyp ýörmekleri üçin) ýaradandyr. Perwerdigäriňiziň "Men jähennemi (kapyr) jyn we (dinsiz) adamlaryň barçasy bilen dolduraryn" diýen sözi doly hak boldy (berhakdyr).

120.(Eý, Muhammet), size pygamberleriň habarlaryndan ýüregiňizi kuwwatlandyrýan kyssalary aýdyp berýäris we bu kimselerde size hakykat we pent-nesihat hem-de barça möminler üçin ýatlatmalar geler.

121-122. Iman getirmedik kimselere aýdyň: "Öz bilýän amallaryňyzy ediberiň we biz hem öz amallarymyzy edýändiris. Hem-de (edýän işleriňiziň akybetine) garaşyberiň, biz hem garaşýandyrys" (diýip).

123. Asmanlar we Ýer diňe Allanyňkydyr we ähli işler (iň sonunda) Onuň Özüne gaýtarylar. Bes, Oňa ybadat ediň we Özüne söýeniň! Perwerdigäriňiz edýän amallaryňyzdan gapyl däldir.

12. ÝUSUP SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bir ýüz on bir aýatdan ybarat bu sürede, esasan, Allanyň pygamber- lerinden Ýakup ogly Ýusubyň durmuşy beýan edilýär. Onuň başyna düşen belalar, aga-inilerinden we ýatlardan gören külpetleri hakynda we beýle görgülere Ýusup 'pygamberiň sabyr-takat edenligi dogrusynda söz açylýar.

Bu süre, Hud süresinden soň, Muhammet alaýhy-s-salam durmuşynyň iň gara günlerinde - ýakynlary Hatyja we Abu Talybyň aýrylyp, dinsiz müşrikler tarapyndan azar-ezet çekip ýören wagtlarynda hasyl bolandyr. Bu süräniň nazymynda özgeçe täsir, başgaça kuwwat saklanyp, Yslam älemindäki iň hormatly galam eýeleri ondan ruhlanyp, şygyr-dessanlar ýazdylar, ulamalar bolsa, sahypa-sahypa kitaplar döretdiler. Şeýle eserleriň birinde: "Ýusup süresi, jennet adamlarynyň jennetiň, özünde hem rahatlyk bilen gaýtalap ýörýän sürelerindendir" diýlen bolsa, ýene birinde: "Her halda gam-teşwişe batan gamgyn kişi hem Ýusup süresini eşidenden aram-asudalyk tapar" diýilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip. Lam. Işbu (aýatlar) açyk-röwşen Kitap aýatlarydyr.

2. Hakykatdan hem, Biz ony (bu aýatlary) aklyňyzy ýetirmegiňiz üçin araby Gurhan edip inderdik.

3.*(Eý, Muhammet), Biz size bu Gurhan (süresi)ni wahyý etmek bilen (barça) kyssalaryň iň gözelini sözläp bereris. Aslynda, onuň (Gurhanyň hasyl bolmagyndan ozal), Siz bu kyssadan bihabar kişilerdendiňiz!*

4. Ýatlaň, Ýusup atasyna: "Eý, ata, men düýşümde on bir ýyldyzy, ýene Güni we Aýy gördüm. Hemmesi maňa sejde edýärmiş" diýipdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu düýşi görende, Ýusup onki ýaşyndady. Düýşdäki Gün bilen Aý onuň ata-enesi, on bir ýyldyz bolsa, aga-inileridi. Onuň atabir, enebaşga on agasy we Binýamin diýen bir sütdeş agasy bolan. Ýusupyň bu düýşüniň hakykata aýlanmagyna ýene-de kyrk sene bardy.

5. Ol (atasy):aýtdy: "Eý, oguljygym, bu düýşüňi aga-inileriňe hergiz aýtmagyl, birden olar seniň garşyňa bir hile edäýmesinler. Çünki, şeýtan ynsan üçin açyk duşmandyr.

6. Şunuň ýaly, (ýagny, saňa şeýle düýş görmegi nesip etdirişi ýaly) Perwerdigäriň seni (gelejekde hem) pygamberlige saýlar we saňa ähli düýşleriň ýorgudyny bildirer hem-de edil owalky ejdatlaryň Ybraýyma we Ishaka kämil edip berşi dek, saňa we Ýakubyň (başga) perzentlerine hem Özüniň (pygamberlik) nygmatyny kämil edip berer. Elbetde, Perwerdigäriň ylym we hikmet sahybydyr!"

7. Hakykatdan hem, Ýusup we onuň aga-inileri (hakyndaky kyssa)da (bu kyssa gyzygyp ol hakda) sorajaklar üçin aýat-ybratlar bardyr.

8. Şonda olar (Ýusubyň öweý agalary) aýdypdylar: "Biz hernäçe köpçilik bolsak-da, şek-şübhesiz, Ýusup we onuň byradary (Binýamin) atamyza bize görä söýgüliräkdir. Anyk ki, atamyz açyk zelalatda (azaşmakda)dyr".

9.(Olar biri-birlerine ýene diýdiler:) "Ýusuby ýa öldüriň ýa-da bir ýere äkidip taşlaň, (şonda) ataňyz diňe size bakar. Soňra bolsa, (toba-tagsyr edip), ýagşy kowum bolup galarsyňyz".

10.(Şonda) olaryň biri (zybana gelip); "Ýusuby öldürmäň, belki, (eger ondan dynmak üçin) bir iş etmekçi bolsaňyz, ony guýa taşlaň, ýolagçy kerwenler alyp gitsin" diýdi.

11.(Şeýle karara gelenlerinden soň, Ýakup alaýhy-s-salamyň alnyna gelip): "Eý, ata, ne sebäpden Ýusuby bize ynanmaýarsyň. Biz ony, şek-şübhesiz, gowy görýäris ahyry..

12. Ony ertir biz bilen gezelenje ibergil, oýnap, ýazylyp-ýaýrap gitsin. Elbetde, biz ony goraglap-ähtiýaç etjekdiris". (Biz muňa wada berýäris) diýdiler.

13.(Ýakup): "*Ony alyp gitmegiňiz meni gamgyn eder. Men siziň gaflatda gapyl galyp, ony möjek (böri) iýip gitmeginden gorkýaryn*" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Nakl (rowaýat-kyssa) edişleriçe, Ýakup pygamber Ýusuba şu dereje mähir goýar eken ki, ondan bir pursat aýrylmaga hem takat etmez eken. Ýokardaky aýatda aýdan sözleri bilen ol ogullaryna 6ir tarapdan üzür sözlän bolsa, ikinji tarapdan özi duýman, olaryň şum niýetlerine bahana tapyp berdi ki, bu hakda soňky aýatlarda zikr zdilýär.

14. Olar: "Kasam ki, eger biz uly bir jemagat bolup, ony böri iýip gitse, diýmek, biz, şek-şübhesiz, zelel görüjidiris" diýdiler.

15. Bes, haçan ki ony alyp gidip, guýynyň düýbüne taşlamagy niýet eden wagtlarynda, Biz oňa (Ýusuba): "Sen, elbetde, (wagty gelende) aga-inileriňe bu kylmyşlary hakynda habar berersiň. Olar (şonda seniň Ýusupdygyňy) duýmazlar hem" diýip wahyý etdik.

16-17. Olar gije atasynyň ýanyna aglap gelip: "Eý, ata, biz Ýusuby zatlarymyzyň ýanynda goýup, kowalaşyp gidipdik, şonda ony böri iýipdir. Indi rast geplesek hem, sen bize asla ynanmarsyň" diýdiler.

18. We onuň (Ýusubyň) köýnegini ýalan gana (ýagny, bir goýny soýup. şonuň ganyna) boýap getirdiler. (Şonda Ýakup) aýtdy: "Ýok!" Size nebsi-howalaryňyz bir (ýaman) işi gözel edip görkezipdir. Indi (meniň işim) gözel sabyr etmekdir. Siziň aýdýan bu zadyňyz (aýralyk-musybat hakda) ýalňyz Alladan medet soramalydyr".

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatda imanyň esasy beýanlaryndan bolan "gözel sabyr etmek" sözlemi peýda boldy. Adamzat şeýle ýaradylan bolup, başyna bela gelende, olaryň köpüsi bisabyrlyk edýär. Allaga barça ýagşy-ýaman işleriň ýalňyz onuň emri bilen bolýandygyna iman getiren kiişler bolsa,

kynçylyk düşen badyna dady-perýat etmän "gözel sabyr" edip bilýän ekenler. Bu meselede Ýakup alaýhy-s-salam kyýamata çenli iman-ygtykat eýeleri üçin göreldedir. Sabryň nämedigi hakynda pygamberimiz Muhammet alaýhy-s-salam bolsa, şeýle merhemet edipdir: "Biliň, belanyň birinji zarby gelen wagtyndaky sabyr çyn sabyrdyr",

19.*(Ýusubyň guýa taşlananynyň üçünji güni ol açlykdan azap çekip ýatan waggynda) bir kerwen gelip, özleriniň suwçy (hyzmatkärlerini suwa) iberenlerinde, ol çelegi (guýa) taşlady, (suwa derek, çelekden aslyşyp, Ýusup çykdy. Şonda) ol: "Söýünji beriňler, bu-ýä bir ýaş oglan eken!" diýdi. Soň ony '(Ýusuby olar) satylýan zatlaryň arasynda gizläp goýdular. Olaryň edýän amallaryiy diňe Alla bilýändir.*

20.*(Soňra kerwen Müsüre ýetip gelip) ony arzan baha-birnäçe teňňä satyp goýberdiler. (Çünki) olar (Ýusupdan uly peýda görmäge garaşmadylar, oňa artykmaç) gyzykmadylar.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Kerweniň Ýusuby arzan baha satmagyna ýene bir sebäp onuň eýesiniň çykmagyndan gorkupdylar. Emma Ýusup bir beladan - çaýdan gutulyp, ikinji bela - tussaglyga, gulçulyga ýolukdy.

21. Ony Müsürde satyn alan (Müsür şäheriniň häkimi - Kitfiýr! diýen) kişi aýalyna (Züleýha): "Ony ýagşy (kabul edip) ýerleşdir. Belki, bize bir peýdasy deger ýa-da özümize perzent edineris" diýdi. Ine, şeýdip (ýagny, ölümden, çaýdan-guýudan gutaryp) Ýusuby - oňa barça düýşleriniň ýorgudyny bildirmek üçin - şol ýere (Müsür häkimininiň öýüne) ýerleşdirdik. Alla Öz işinde galybdyr (ýeňijidir ýagny, Ony Özüniň islen işinden hiç kim gaýtaryp bilmeýär), emma, köp adamlar muny bilmeýärler!

22. Haçanda Ýusup kämillige ýetenden soň; oňa hikmet we bilim berdik. Gözel amal edýänleri,' ine, şeýle sylaglaýarys.

23. Ol (Ýusuby) öýünde saklaýan aýal (ýagny, Züleýha onuň husny-jemalyna aşyky-bikarar bolup) ony ýoldan azdyrmakçy boldy. Gapylary mäkäm temmeläp: "Bäri gelgin" diýende, (Ýusup)

aýtdy: "Alla saklasyn. Ol (ýagny, seniň äriň) maňa gowy jaýlar beren hojaýynym-a! Elbetde, zalym kimseler (ýagny, zynakärler) asla najat tapmazlar".

24. Hakykatdan, (Züleýha) oňa (ýagny, Ýusubyň wysalyna) ymtylýardy. Eger Perwerdigäriniň açyk hüjjet-alamatyny görmedik bolsa, (Ýusup) hem (belki) oňa (Züleýha) maýyl bolardy. Ondan (Ýusupdan) ýamanlyk we azgynlygy çetleşdirmek üçin, ine, şeýle etdik (ýagny, ony Öz gorag-hemaýatymyzda sakladyk). Sebäbi, ol päkize bendelerimizdendir.

25.*(Ikisi hem) gapy tarapa ylgadylar we Züleýha (Ýusuba ýetip) onuň köýneginiň arka tarapyndan ýyrtyp goýberdi. Gapynyň alnynda bolsa, (Zuleýhanyň) ärine duşdular (Şonda Züleýha ärine seredip): "Seniň maşgalaňa ýamanlyk etmekçi bolan kimsäniň jezasy ýa zyndan, ýa-da içýakyjy azapdyr" diýdi.*

26.*(Ýusup) aýtdy: "Onuň özi meni ýoldan azdyrmakçy boldy". (Şu wagt Züleýhanyň) garyndaşlaryndan biri güwälik berip (diýdi): "Eger onuň köýnegi öň tarapyndan ýyrtylan bolsa, onda (Züleýha)nyň gepi rastdyr we Ýusup ýalançydyr.*

27. Eger köýnegi arka tarapyndan ýyrtylan bolsa, onda (Züleýhanyň gepi ýalandyr) we (Ýusup) rastgöý bolar".

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat edişleriçe, güwälik beren Züleýhanyň daýysy bolup, sallançakdaky çagajykdy. Geň galmaly ýeri, Alla tagala Özüniň päk pygamberi Ýusuby päk bir çaganyň dili bilen aklaýar.

28. Indi haçanda (Züleýhanyň äri Ýusubyň) köýneginiň arka tarapyndan ýyrtylandygyny görenden soň: "(Eý, aýallar-a), elbetde, bu (iş) siziň mekir-hileleriňizdir. Hakykatdan hem, mekirligiňiz juda güýçlüdir.

29. Ýusup, sen bu (işi) unutgyn, sen bolsa (Eý, Züleýha) eden günäňe ötünç sora-toba kyl. Çünki sen azaşan kimselerden bolduň" - diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatda jemgyýetdäki "häkim taýpanyň näderejede näpäk boluşy iki agyz sözde ylahyý galam bilen ýazylan: "Ýusup, sen bu işi unutgyn". Maşgaladaky biwepalykdan, näpäklikden habardar bolandan soň, ärini bu ýagdaý diňe bir alada goýýar: "Adamlar bilmesin, sen muny unut, hiç kime aýdyp ýörme". Ahlaky gapma-garşylygy mundan zyýat aýdyp bolmaz. Ýöne adamlar bu wakadan habardar bolýarlar, we...

30. Şäherdäki aýallar: "Häkimiň aýaly öz hyzmatkärini ýoldan azdyrjak bolupdyr. Rast ýüreginden urupdyr-da! Elbetde, biz ony açyk zelalatda (günäde) diýip bilýäris" diýdiler.

31. Indi haçan ki (Züleýha) olaryň gybatlaryny eşindenden soň, olara adam iberdi we (gelenlerinden soň) söýenip oturylýan ýer taýynlady hem-de miwe-nygmatlar bilen saçagy dolduryp, olaryň her birine bir-birden pyçak goýup çykdy. Soň (Ýusuba) olaryň ýanyna çyk diýdi. Bes, haçanda ony görenlerinden soň, (olar biygtyýar) alkyşladylar we (özleri duýman, ellerindäki pyçaklary bilen) öz ellerini kesip başladylar. Hem-de: "Eý, päk Alla, bu beşer (adam perzendi) däldir, bu asyl perişdäniň özi-le!" diýenlerini duýman galdylar.

32.(Şonda Züleýha): "Ine, şu ýigit hakynda siz maňa melamat etdiňiz. Hakykatdan hem, ony ýoldan azdyrmakçy bolanymda päklik etdi – boýun synmady. Kasam ki, eger meniň emrimi berjaý etmese, elbetde, zyndana taşlanar we hor-zar ediler".

33.(Ýusup) aýtdy:"Perwerdigärim, bularyň meni çagyrýan zadyndan (näpäklikden) meniň üçin zyndan ýagşydyr. Eger Özüň olaryň mekirligini menden daş etmeseň, olara göwün berip, nadan kimselerden bolup galaryn".

34. Bes, Perwerdigäri (Ýusubyň dogasyny) kabul edip, olaryň mekirligini ondan yrak kyldy. Ol (Alla), şek-şübhesiz, eşidiji, bilijidir.

35. Soňra olara (ýagny, Müsüriň häkimi we onuň adamlaryna Ýusubyň päkdigi hakyndaky) aýat-alamatlary görenlerinden soň, ony (muňa garamazdan, barybir) mälim wagta çenli (ýagny, gep-gybat ýatyşynça) zyndana bent edip goýmak makul göründi.

36. Onuň bilen bile zyndana ýene iki ýigit düşüpdi. Olaryň biri (ýagny, öň häkimiň sakçysy bolan ýigit): "Men düýşümde şerap taýýarlap ýörenmişim" diýdi. Beýlekisi bolsa, (ýagny, owal häkimiň nan bişirijisi bolan) Men kellämiň üstünde nan göterip duranmyşym, guşlar hem ondan iýip durmyş. Sen bize şunuň tagbyryny (ýorgudyny) aýdyp berseň. Biz seniň gözel amallar edýän kişidigiňi görüp durus" diýdi.

37.(Ýusup) aýtdy: "Men size rysk bolan (her hili) tagamyň alnyňyza gelmezinden öň, onuň nähili tagamdygyny aýdyp bilerin. Bu Perwerdigäriň maňa bildiren zatlaryndandyr. Çünki, men Allaga iman getirmeýän we ahyreti mutlaky inkär edýän kowumyň milletini-dinini terk eden kişi men.

38. We men (tersine) ejdatlarym Ybraýymyň, Ishakyň we Ýakubyň milletine-dinine eýerýärin. Biz (ýagny, pygamberler) üçin Allaga hiç bir zady şärik etmek ýerlikli däldir. Bu (ýagny, ýalňyz Alla bendelik etmek nygmaty) Allanyň bize-pygamberlere we ähli adamlara eden fazly-merhemetlerindendir. Emma käbir adamlar şükür etmeýärler.

39. Eý, hem zyndan dostlarym, bölek - dürli-dümen "hudaýlar" ýagşymy ýa-da ýeke-täk we galyb (ýeňiji) Alla?

40. Siz bolsa, Ony goýup, özüňiziň we ata-babalaryňyzyň atlandyran diňe butlara ybadat edýärsiňiz. Ahyr Alla olara (ybadat etmek hakda) birem hüjjet delil-mugjyza (düşürmändir-ä). Höküm-häkimlik diňe Allanyňkydyr. Ol sizi diňe Özüne ybadat etmäge buýrandyr. Iň dogry din, ine, şudur. Emma köp adamlar muny bilmeýärler.

41. Eý, zyndandaş dostlarym, indi siziň birinjiňiziň (düýşüniň ýorgudyny) aýtsak, bes, ol (bu zyndandan halas bolup) ýene hojaýynyna sakçylyk eder. Emma ikinjiňiz dara asylyp, (läşhor) guşlar onuň kellesinden çokarlar. Siziň ýorgut soraýan işiňiz (şeýle) boldy (ýagny, indi bu ýorgudym hiç haçan özgermez)"

42.(Ýusup) ol ikisinden zyndandan halas bolýan diýlen kişä (sakça): "Hojaýynyň öňünde men hakynda zikr-beýan etgil (belki, ol meni bu zulumdan azat kylsa)" diýdi. Ýöne hojaýyna aýtmagy şeýtan onuň ýadyndan çykardyp, (Ýusup) birnäçe ýyl (barybir) zyndanda galdy.

43.(Günleriň birinde Müsür memleketiniň) şasy (Raýon binni-l-Walid): "Men düýşümde ýedi arryk sygryň ýedi sany semiz sygry iýenini we ýedi ýaşyl sümbül (bugdaýbaş) bilen ýedi guran sümmül gördüm. Eý, sypaýylar! Eger düýş ýorup bilýän bolsaňyz, bu düýşümiň ýorgudyny aýdyň" diýdi.

44. Olar: "Bu gaty çylşyrymly düýş eken. Biz beýle düýşüň tagbyryny bilip bilmeris" diýdiler.

45.(Şunda) hälki iki tussagyň zyndandan halas bolup çykany şunça möhlet geçenden soň, indi (Ýusubyň sözleri) ýadyna düşüp: "Onuň ýorgudyny men aýdyp bererdim, diňe meni (zyndanda ýatan Ýusubyň ýanyna) iberiň" diýdi.

46.(Ol rugsat berlenden soň zyndana - Ýusubyň ýanyna girip) aýtdy: "Eý, rastgöý Ýusup, maňa ýedi arryk sygryň ýedi semiz sygry iýenini hem-de ýedi ýaşyl sümmül bilen bile duran başga ýedi guran sümmül görnen (düýşüň) ýorgudyny aýdyp bergil. Şaýat, adamlaryň ýanyna gaýdyp baryp (muny olara aýdyp bersem) olar hem bilseler" diýdi.

47.(Ýusup): "Siz yzly-yzyna ýedi ýyl (bugdaý) ekiň. Soňra orup alan hasylyňyzy (zaýalanmaz ýaly) öz başynda galdyryň, meger, diňe. Iýjek azyklaryňyzy (üwäň).

48. Soňra şol (bol hasylly ýedi ýyl)dan soň, ýedi ýyl gurakçylyk bolup, olar (adamlar) üçin taýýarlap, aýap goýan bar hasylyňyzy iýip gider. Meger, azajyk, diňe (tohumlyk üçin) aýap goýan bugdaýlaryňyz galar.

49. Soňra şol (gurakçylyk ýyllar)dan soň (şeýle) bir ýyl geler ki, onda adamlar ýagyş-ýagmyr astynda galarlar we (dürli miwelerden) şerap ýasarlar" diýdi.

50.*(Saky patyşanyň huzuryna gelip, onuň gören düýşüni Ýusubyň nähili ýorandygyny aýdanda), patyşa: "Ony meniň alnyma getiriň!" diýdi. Haçanda (Ýusubyň ýanyna) şanyň ilçisi gelende, ol: "Hojaýynyň alnyna gaýdyp baryp (owal) ondan öz ellerini kesen aýallara näme bolandygyny sora. Elbetde, Perwerdigärim olaryň hile-mekirlerini bilijidir" diýdi.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlaryň borjunda Ýusubyň päkize kalbly ynsandygyny görkezip duran üç nokat bardyr. Birinjiden: patyşanyň düýşüniň ýorgudy hakynda soralanda: "Eger meni bu zyndandan azat etse, aýdaryn" diýmezden, düýşi ýorup berýär. Ikinjiden: patyşa ony azat etmäge emr edende hem, ol derrew zyndany terk etmän, özüniň bigünädigni subut edip bermeklerini talap edýär. Üçünjiden: bigünäligi subut bolandan soň hem, özüniň duz iýen ýeriniň hormatyny saklap, "Baryp Züleýha näme bolandygyny bilip geliň" diýmän, "Ellerini kesen aýallaň näme bolandygyny sorap gel" diýýär. Bu nokatlar her bir adam üçin sapakdyr.

51.*(Şonda patyşa ol aýallary toplap): "Ýusuby ýoldan azdyrmakçy bolan wagtyňyzda, näme bolupdy (ýagny, ol hem size maýyl bolupmydy)?" diýdi. Aýallar: "Alla saklasyn! Biz ondan hiç hili ýamanlyk görmedik" diýdiler. (Müsür ýurdunyň) häkiminiň aýaly (Züleýha boýasa): "Ine, indi hakykat dabaralandy. Ony men ýoldan azdyrmakçy bolupdym. Ol, şek-şübhesiz, rastgöýdür" diýdi.*

52.*(Ilçi gaýdyp gelip, bolup geçen sözleri aýdyp berende, ol aýtdy): "Muny (ýagny, aýallar dogrusynda söz açmagy) men (şäher häkiminiň) ýoklugynda oňa hyýanat etmänimi we Allanyň hiç haçan*

haýynlaryň işini oňlamaýandygyny (memleket şasynyň) bilmegi üçin (etdim).

53. Men nebsimi aklamaýaryn. Çünki, nebis - eger Perwerdigärimiň Özi rehim kylmasa,-elbetde, barça ýamanlyklara buýrujydyr. Hakykatdan hem, Perwerdigärim magrypatly, mähribandyr".

54. Patyşa aýtdy: "Ony huzuryma getiriň, özümiň ýakyn kişilerimiň biri edeýin". Bes, haçanda (Ýusup) onuň bilen sözleşende, "Sen bu gün biziň dergahymyzda mertebeli, ynançly kişisiň" diýdi.

55.(Ýusup): "Meni şu ýeriniň hazynalarynyň üstüne (borçly edip) goýgul. Çünki, men (olary) dokuzy doly saklajak we (dogry peýdalanmagy) bilýän kişidirin" diýdi.

56. Şeýdip Ýusuby (Müsür) ýurdundan öz islän ýerinde, menzil-mesgen tutup ýaşajak ýerinde karar tapdyrdyk. Biz fazly-merhemetimizi Özümiz, halan kişilerimize ýetirýäris we gözel amal edijileriň sogap-mukafatyny zaýa kylmarys.

57. Elbetde, iman getiren we takwa eýeleri bolanlar üçin ahyretdäki sogap-mukafat has ýagşy bolar.

58. Ýusubyň aga-inileri (Müsüre) gelip, onuň ýanyna girenlerinde, olary tanady. Olar bolsa, (Ýusuby) tanamadylar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýatlara görä, agalary gelip girende, Ýusup özüniň tanandygyny olara bildirmän: "Siz kim bolýaňyz, nireden geldiňiz?" diýip sorapdyr. Şonda olar: "Biz Şam ýurdunyň Kengan diýen şäherinden. Özümiz çarwadar. Azyk-owkat gözläp geldik" diýip, jogap berýärler. Ýusup: "Belki, biziň ýurdumyza içalyçylyk üçin gelensiňiz" diýýär. Olar:"Alla saklasyn! Biz özüniň iň söýgüli perzsndinden aýrylyp, gam-gussada bolan bir pygamberiň ogullarydyrys. Ýiten inimiz we onuň agasy bolsa, biziň atabir, enebaşga doganlarymyz bolýar. Şol inimiz biz bilen oýnamaga çöle çykanda, ýitip-ýogaldy, şol sebäpden, Onuň agasyny atamyz bize ynanman, özi bilen alyp galdy" diýýärler. Bu sözleri eşidenden soň, Ýusup hyzmatkärlerine olara ähli zerur zatlary bermegi emr edýär.

59. Haçanda olaryň hajatlaryny bitirenden soň, Ýusup: "Şol atabir bolan iniňizi meniň ýanyma getiriň. Eýsem, meniň size (bugdaý, gerekli zatlaryňyzy) doly ölçäp berýändigimi we myhmanlamagy ýokary derejedäki orunda goýýandygymy görmeýäňizmi?

60. Indi eger ony meniň ýanyma alyp gelmeseňiz, (ýagny, meni aldasaňyz), onda meniň dergahymda siz üçin bir gultum hem zat ýokdur - meniň alnyma (gaýdyp) ýakyn geliji bolmaň" diýdi.

61. Olar: "Atasyndan ol (ony biz bilen goşup goýbermegi) hakynda ötünip sorarys. Elbetde, biz şeýle etjekdiris" diýdiler.

62. (Ýusup özüniň tereziçi) ýigitlerine buýurdy: "Olaryň (däne çalyşmak üçin) getiren zatlaryny ýükleriniň içine salyň. Belki, şonda öýlerine baran wagtlarynda ol zatlaryny tanap (geň galyp ýene) gaýdyp gelseler".

63. Şonda haçan ki, olar atalarynyň golaýyna dolanan soň, diýdiler: "Eý, ata, (mundan soň) bize azyk-owkat berilmez. Diňe biziň bilen bile inimizi hem iberseňiz azyk-owkat alyp bileris. Biz, elbetde, ony goraglarys".

64. (Ýakup): "Men ony size ynanmaýaryn. Meger, öň onuň agasyny ynanyşym ýaly ynanýaryn (ýagny, şonda hem size däl-de, Alla ynanypdym)... Elbetde, Alla iň ýagşy goraýjydyr we Ol mähribanlaryň mähribanydyr" diýdi.

65. Haçanda olar ýüklerini açyp görenden soň, (alyp baran) zatlarynyň özlerine gaýtarylanyny görüp, diýdiler: "Eý, ata, ine, zatlarymyz özümize gaýtarylypdyr. Ýene nämäni isleýäris? (Indi sen bize inimizi hem goşup iberseň) ýene maşgalamyza azyk-owkat getireris, inimizi gorap (baryp geleris) we (inimiz üçin hem) bir düýe ýüki artyk alarys. Bu (müsürli sahy häkim nazarynda) azajyk zatdyr".

66. Ýakup aýtdy: "Eger (garakçylara ýa başga garşylyklara duş gelip) ýeňlip, bagtsyzlyga duçar bolmasaňyz (howp-hatarsyz galmaga ynanjyň bolmasa), elbetde, ony (Binýamini) meniň özüme getirmegiňiz hakynda Alladan wasyka getirmeseňiz (ýagny, Alla adyna kasam içmeseňiz), ony hergiz siz bilen bile ibermerin". Indi haçanda oňa öz ähti-peýmanlaryny berenlerinden soň, (Ýakup): "Bu aýdan sözlerime Alla wekil - güwädir" diýdi.

67.(Soň olary sapara ugradyp) aýtdy: "Eý, ogullarym, (Müsüre) bir derwezeden girmäň, diňe başga-başga derwezelerden giriň! Men sizden Allanyň bir höküminem gaýtaryp bilmerin. Höküm ýalňyz Allanyň idini bilendir. Men diňe Onuň Özüne töwekgel edendirin, söýenendirin. Ähli töwekgel edijiler diňe Onuň Özüne töwekgel etsinler (söýensinler)".

68. Olaryň atalarynyň buýran taraplaryndan (Müsüre) girmekleri olardan Allanyň bir höküminem gaýtaryjy däldir. (Bu) diňe Ýakubyň göwnündäki (perzentleriniň howpsuzlygyny oýlamagyndan gelip çykan) bir ätiýaç (çäre)di ki, ol özüniň şu ätiýajyny gandyrypdy, bolany. Şunlukda, ol Biziň (wahyý bermegimiz arkaly) beren tälimimiz sebäpli, çuňňur bilim eýesidir. Emma köp adamlar muny bilmeýärler.

69. Haçanda olar Ýusubyň huzuryna girenlerinde, ol inisini öz ýanyna çekip: "Men seniň agaňdyryn. Indi olaryň (ýagny, aga-inilerimiz) kylan işine (içigaraçylyklaryna, adawat-ýamanlyklaryna) gamgyn bolmagyn" diýdi.

70. Bes, haçanda olaryň hajatlaryny berenden soň, inisiniň ýüküniň arasyna (bildirmän) bir käse salyp goýdy. Soňra bolsa, jarçy: "Eý, kerwen eýeleri, siz ogry ekeniňiz" diýip jar çekdi.

71. Olar (jarçylar) öz ýanlaryna gelende: "Näme ýitirdiňiz? diýdiler.

72.(Jarçylardan biri): "Patyşanyň käsesini ýitirdik. Ony tapyp getiren kişä bir düýe ýüki (sylag bar). Men şuňa wekildirin" - diýdi,

73. Olar: "Allaga kasam bolsun (munuň bize dahyly ýok) Ahyr biziň bu ýere bozgunçylyk etmek üçin gelmändigimizi bilersiňiz! Biz ogry däldiris" diýdiler.

74."Eger ýalan aýdan bolsaňyz (ogrynyň) jezasy näme bolar?" (diýip jarçylar) sorady.

75. Olar: "Onuň jezasy, kimiň ýüküniň arasyndan tapylsa, şol kimse jeza alar - gul ediler. Biz (ogurlyk etmek bilen özgelere) zulum eden kimseleri, ine, şeýle jezalandyrýarys" diýdiler.

76. Bes, (Ýusubyň hyzmatkäri gözlegi onuň dogany Binýamin)iň gaplaryndan öň, olaryň (ýagny, başga aga-inileriniň) goşlaryndan başlady. Soňra ony (käsäni Ýusubyň) doganynyň goşundan tapyp aldy. Biz Ýusuba, ine, şeýle hile-tedbirini öwretdik. (Çünki Müsür) patyşasynyň diniide ol doganyny (sebäpsiz) alyp galyp bilmezdi. Meger, Allanyň islegi bilen (bu hilelik çäräniň üsti bilen alyp galdy). Biz Özümiziň halan kişilermizi uly derejelere göteрýäris. Her bir ylym sahybynyň üstünde (ondan üstünräk) bilimdar bardyr.

77. Olar: "Eger bu (Binýamin) ogurlyk eden bolsa, (ähtimal, çünki) owal onuň dogany (Ýusup) hem ogurlyk edipdi" diýdiler. Bes, Ýusup bu gepi (töhmeti) içine salyp, olara bildirmedi. We (öz ýanyndan) "Siz iň ýaman-pes mertebedesiňiz (ýagny, bir wagtlar ogluny atasyndan ogurlap giden siz ahyry!) Alla siziň ýöňkän gepleriňizi örän oňat bilijidir" diýdi.

78. Soňra olar: "Eý, ulug adam, onuň bir garry atasy bar. Sen onuň (Binýaminiň) deregine biziň birimizi alyp galgyn. Çünki, biz seniň gözel amallar edýändigiňi görüp durus" diýdiler.

79.(Ýusup) aýtdy: "Zadymyzy kimiň goşundan tapan bolsak, şondan başgany alyp galmakdan Alla saklasyn. Onda, şek-şübhesiz, zalym kimselerden bolarys" diýdi.

80. Indi haçanda ondan umytlary üzülip, (aga-iniler) bir çete çykyp hufýana (gizlin) maslahatlaşdylar. Olaryň ululary: "Ataňyzyň sizden Allaga wasyka (ýagny, ähti-peýmanyňyzy) alyp galanyny unutdyňyzmy?! Owal Ýusup dogrusynda hem şeýle sustkeşlik (bigamlyk biperwaýlyk) edipdiňiz. Bes, tä atam maňa rugsat berýänçä ýa-da Alla meniň peýdama höküm kylmaýança (ýagny, inimiz azat bolýança men hem) ine, şu ýerden hergiz gozganmaryn. Ol (Alla) höküm kylyjylaryň ýagşysydyr.

81. Siz atamyzyň alnyna baryp: "Eý, ata, hakykatdan hem, ogluň ogurlyk etdi. Biz diňe gören-bilen zadymyza güwälik berýäris (Öň saňa ony goramagy wada edenimizde) gaýyby (ýagny, gelejekde näme işler boljakdy- gyny) bilmändik.

82. Biziň baryp gaýdan şäherimizden we biziň bilen giden kerwenden sorap görgün. Elbetde, biz rast sözleýjidiris diýersiňiz" diýdi.

83.(Olar Ýakup alaýhy-s-salamyň ýanyna gelip şu sözleri aýdandan soň) ol aýtdy: "Ýok! Size howaýy nebsiňiz bir (ýaman) işi gözel edip görkezipdir. Indi (meniň işim) gözel sabyr etmekdir. Şaýat ki, Alla olaryň (ýagny, Ýusup, Binýamin we uly oglumyň) hemmesini gujagyma gaýtarsa. Elbetde, Ol bilim we hikmet sahybydyr".

84. Soňra olardan ýüz öwrüp aýtdy: "Eý, biçäre Ýusubym!" Gam-elem ýuwutmakdan onuň gözleri agardy (ejiz bolup galdy).

85.(Şonda ogullary): "Allanyň adyna kasam ki, sen tä özüňi ýitirýänçäň ýa-da heläk bolýançaň Ýusuby ýatlarsyň" diýdiler.

86. Ol: "Men gam-teşwişimden (ýaňa) ýalňyz Allanyň Özüne şikaýat edip aglaýandyryn we men Allanyň (mähribanlygy, rehimliligi hakynda) siziň bilmeýän zatlaryňyzy bilýändirin.

87. Eý, ogullarym, baryň, Ýusuby we onuň agasyny gözläň we Allanyň rahmetinden näumyt bolmaň. Mundan, Allanyň rahmetinden diňe kapyr kowum näumyt bolar" diýdi.

88.*(Olar atalaryndan bu sözleri eşidenden soň, azyk-owkada çalyşmak üçin bar zatlaryndan alyşdyryp, ýene Müsür tarapa rowana boldular). Indi haçanda (Müsüre ýetip Ýusubyň) ýanyna girip: "Eý, ulug, bizi we ilimizi açlyk basdy. Biz (bu sapar ýanyňa başga zadymyz bolmansoň) geçmeýän harytlary alyp geldik." Bize ýeterlik möçberde (azyk-owkat) bergin we bize haýyr-yhsan etgin. Alla, şek-şübhesiz, (sen dek) sadaka beriji (hormatly ynsanlara) sylag-sogap eda eder" diýdiler.*

89.*(Ýusup aga-inilerini beýle agyr halda görüp, çydam edip bilmän): "Ýaş-nadan bolan wagtyňyzda Ýusuba we onuň agasyna näme kesapat edendigiňizi ýatlaýarsyňyzmy?" diýdi.*

90. Olar: "Sen Ýusupmy?" diýip soradylar. Ol: "Hawa, men Ýusup, bu bolsa, meniň agamdyr. Alla bize merhemet görkezdi (aýralyk azabyndan soň, bizi ýene birleşdirdi). Hakykatdan hem, kimde-kim Alladan gorkup, sabyr-takat etse, elbetde, Alla beýle gözel amal edýän kişileriň sogabyny zaýa etmez" diýdi.

91. Olar: "Allaga kasam ki, Alla seni bizden afzal (ýokary) kylmyşdyr. Biz bolsa, şek-şübhesiz, azaşýanlardan bolduk" diýdiler.

92. Ol: "Bu gün siz aýyplanmarsyňyz. Alla size geçirim eder. Ol rehim edijileriň (iň) rehimlisidir.

93. Siz, ine, şu köýnegimi alyp baryp, atamyň ýüzüne sürtseňiz, onuň gözleri açylar. Soň ähli il-ulusyňyz, maşgalaňyz bilen bile meniň ýanyma geliň" diýdi.

94. Kerwen (Müsürden) çykandan (olaryň) atasy (Ýakup alaýhy-s-salam öz öýünde ýanyndaky adamlara): "Men Ýusubyň ysyny alýaryn. Eger meni aklyndan azaşan diýmeseňiz (Ýusup diýerdim)" diýdi.

95.*(Olar): "Allaga kasam ki, (häli hem) şol köne ýalňyşyňda dursuň (Ýusup diri diýen ham-hyýalda, köne pikiriňde ýörsüň)" diýdiler.*

96. Indi haçanda buşlukçy gelip, ony (ýagny, Ýusubyň köýnegini Ýakubyň) ýüzüne sürtenden soň, onuň gözleri açyldy. Ol: "Size men Allanyň (mähribanlygy, rehimliligi hakynda) siziň bilmeýän zatla-ryňyzy bilýändirin diýmänmidim?!" diýdi.

97. Olar: "Eý, ata, (Alladan) biziň günämizi geçmegini soragyn. Elbetde, biz hata ediji- lerden bolduk" diýdiler.

98. Ol: "Elbetde, Perwerdigärimden size rehim etmegini soraryn. Elbetde, diňe Ol magrypat ediji, mähribandyr" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýakup alaýhy-s-salam Ýusubyň aýatda diridigi hakyndaky hoşhabardan örän şat bolup we Alla tagala köp şükür aýdyp, derhal özüniň barça il-ulusy, maşgalasy, garyndaş uruglary bilen Müsür tarapa ýol başladylar. Ýusup hem Müsür şäheriniň gyrasynda çadyr dikip, ata-enesiniň ýoluna intizar bolup durdy.

99. Indi haçanda (menzile ýetip gelip) Ýusubyň huzuryna (çadyra) girenlerinde, ol özüni ata-enesiniň gujagyna oklady we: "Enşallah, Müsüre dynç-aman giriň" diýdi.

100. (Soňra Müsüre girip, Ýusubyň köşgüne gelenlerinde) ol ata-enesini öz tagtyna çykardy we olar (ýagny, ata-ene we aga-inileri Ýusuba) sejde edip, (onuň aýagyna) ýykyldylar. Ol aýtdy: "Eý, atam jan, ine, şu kyrk ýyl owal gören düýşümiň ýorgudydyr. Perwerdigärim ony rast kyldy. Hakykatdan hem, Ol maňa (gözel) engam etdi - meni zyndandan çykardy, şeýtanyň meniň bilen aga-inilerimiň arasyny bozup, ygba (dawa) salandan soň, ine, sizi

çölu-sähradan (Müsüre aman-esen) getirdi. Elbetde, Perwerdigärim Özi isleýän zady syzdyrman amala aşyrýandyr. Elbetde, Onuň Özi bilim we hikmet sahybydyr.

101. Perwerdigärim, maňa patyşalyk berdiň, ýene barça düýşleriň ýorgutlaryndan tälim berdiň. Eý, asmanlary we ýeri ýaradan, ahyret dünýäde Özüň eýämiz Sen. (Ömrüm geçip, Seniň belgiläp goýan ajalym ýetinçä) musulman halymda janymy algyn we meni hem salyh (wepaly) bendeleriň hataryna goşgun".

102. (Eý, Muhammet), bu Biziň size wahyý eden gaýyp habarlardandyr. (Çünki, siz Ýusubyň aga-inileriniň) mekir-hile bilen öz rejelerini düzüp, ittifak (birleşen) wagtlarynda, olaryň ýanlarynda däldiňiz.

103. Eger siz (bu kyssalary eşidip, barça adamlaryň iman getirmeklerini) juda isleseňiz-de, köp adamlar mömin bolmaýarlar.

104. Siz olardan bu (çakylygyňyz) üçin sylag, hak soramaýarsyňyz (özüňiz ýagşy bilýäňiz) bu (Gurhan) diňe barça adamlar üçin bir ýatlatmadyr, bolany.

105. Asmanlarda we Ýerde (Allanyň barlygyna we birligine delalat ediji) ençe-ençe aýat-alamatlar bardyr. (Emma) olar (iman-ygtykatsyz kişiler) bu aýatlardan ýüz öwrüp, ötüp gidiberýärler.

106. Olaryň köpçüligi Allaga diňe müşrik bolan ýagdaýlarynda iman getirýärler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, baazylaryň özleri Allaga iman getirseler-ds, durmuşlarynda şol ýalňyz Allanyň ýaradan Gün, Aý, ot-ýalyn ýaly zatlaryna sygynyp ýa-da özlerini "hudaý" hasaplaýan zalym häkimlere boýun synyp, olaryň ynsaneti heläkets alyp barýan "aýdyň ýollary"na eýerip, ýaşap ötýärler. Bu aýatlar şonuň ýaly kimselere degişlidir.

107. Ýa-da olar (şol iman-ygtykatsyz kişiler) Allanyň azabyndan bir bela-apat gelmeginden ýa duýdansyz, olar duýmankalar kyýamatyň kaýym bolmagyndan hatyrjemmiler?!"

108. Aýdyň: "Meniň ýolum şudur. Men Allanyň, ýoluna çagyrýaryn. Men we maňa eýeren kişi- ler anyk hüjjete-ynanja eýediris. (Her hili şärikden) Allany päkleýärin. (Elbetde), men müşriklerden (Allaga) birewi şärik edýänlerden) däldirin" (diýip).

109.(Eý, Muhammet), Biz sizden öň hem diňe şäher ilinden bolan (uly şäherlerde ýaşan akly-dana) kişileri pygamber edip, olara wahyý iberendiris. Ahyr (adamlar) ýer ýüzünde seýil-syýahat edişip, özlerinden owalky (pygamberlsri ýalançy hasaplap, imansyz giden) kimseleriň akybetler-iniň nähili bolanyny (olaryň nähili kysmata ýoluganyny) görseler bolmaýarmy?! (Alladan) gorkanlar üçin, şek-şübhesiz, ahyret diýary (bu pany dünýäden) ýagşydyr. Akyl ýöretmeýärsiňizmi?!

110. Her haçan şol pygamberlerimiz näumyt bolup: "Biz ýalançy hasaplandyk-pygam- berdigimize ynanmadylar" diýip oýlap başlanlarynda, olara (şol pygamberlere) Biziň medetimiz - ýeňişimiz gelip, Biziň islän (iman getiren) kişilerimize najat (kömek) berilýärdi. Emma günäkär bolan kowumdan Biziň azabymyz gaýtarylmaz!

111. Hakykatdan hem, olaryň (geçen pygamberleriň) kyssalarynda akyl eýeleri üçin ybrat bardyr. (Şu Gurhan) ýazyp çykarylan söz däl, belki, özünden owalky zatlary (asmandan inderilen kitaplary) tassyk ediji, oňa iman getirýän kowum üçin ähli zatlary aýdyň beýan edip beriji hidaýat (ýagşylyga ýollaýan) we rahmet (kitabydyr).

13. GÖK GÜMMÜRDISI (RAD) SÜRESI

Bu süre kyrk üç aýatdan ybarat bolup, Medinede hasyl bolan. Onda hakykat bilen ýalan hakynda iki sany göreldeli mysal-mesele çözülýär.

Birinjisinde jülgeleri dolduryp akyp gelýän sil suwy hakykata, suwuň, ýüzündäki köpürjik (köpük) bolsa ýalana meňzedilse, ikinjisinde her hili ýerasty magdanlar hem eridilse, olardan sap gymmatly magdan bilei birlikde, ýönekeý daşlaryň hem çykjagy aýdylyp, sap magdan hakykata, çykyndylar bolsa, batyla-ýalana meňzedilýär.

Bu sürede gök gübürdisi (gümmürmama) hakynda hem zikr-beýan edilip, onuň "Rad-Gök gümmürdisi" diýip at almagynyň sebäbi şudur.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip, Lam, Mim, Ra. Şu (aýatlar) Kitap (Gurhan) aýatlarydyr. (Eý, Muhammet), size inderilen bu (Gurhan aýny) hakykatdyr, ýöne käbir adamlar iman getirmeýärler.

2. Alla asmanlary siziň görýän sütünleriňiz (bilen däl-de) öresiz göterip goýan, soňra Öz arşyny eýeläp, Güni we Aýy Öz emrine boýun syndyrandyr. Olaryň (asman jisimleriniň) her biri mälim wagta çenli (ýagny, kyýamat kaýym bolýança) seýr (seýil) edibererler. (Alla) hemme işiň çäresini eder we siz (kyýamat gününde oňa) Perwerdigäriňize ýüzbe-ýüz bolmaga (garşylaşmaga) iman getirmegiňiz üçin Öz aýatlaryny aýdyň beýan edýär.

3. Ol Ýeri (Ýer ýüzüni) ýaýyk edip ýaradyp, onda daglary we derýalary peýda edendir. Ol ýerdäki her miwäni ikiden-jübüt (ýagny, erkek-urkaçy) edip ýaratdy. Ol gijäni gündiziň üstüne ýaýýar (ýagny, gije bilen gündiz hem biri-birleriniň jübütleridir).

Elbetde, bu (mysallar)da pikir edýän kowum üçin aýat-ybratlar bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, pikir edip görülse, bu älemde hemms zadyň jübüt ýaradylany mälim bolýar. Günüň jübüti Aý, Ýeriň jübüti Asman dünýäniň jübüti ahyret. Eger, ine, şu mantyk-barlyk hak bolsa, ahyret barlygy hem berhakdyr. Yslam taglymatyna görä, ýalňyzlyk diňe Alla tagala ýaraşýar.

4. Bu Ýerde biri-birine goňşy bolan bölek-bölek (ýagny, biri hasylly bolsa, beýlekisi şor) ýerler, üzümzarlyklar, baglar, ekin meýdanlary, şahalap giden, şaha ýaýratmadyk hurmalar bolup, (olaryň hemmesi hem) bir suw bilen suwarylýar. (Ýöne) Biz olaryň käbirlerini tagamlyrak - iýmeli edip goýýarys. Elbetde, munda hem akyl ýöredýän kowum üçin aýat-ybrat bardyr.

5.(Eý, Muhammet), eger (bir zada) geň galsaňyz, onda olaryň (dinsiz kimseleriň); "Toprak bolup gidenimizden soň, biz täzeden ýaradylarysmy?" diýen geplerine geň galmalydyr. Olar Perwerdigärine kapyr bolan kimselerdir. (Kyýamat güni) olaryň boýunlarynda zynjyr bolar. Olar dowzah eýeleridir (we) şol ýerde ebedi galarlar.

6. Olar sizden ýagşylyk - Allanyň rahmetinden owal Allanyň azabynyň gelmegini talap edýärler. Olardan öň hem beýle (hala, ýagdaýa) mysallar -Allanyň azabyna duçar bolanlar ötendir. Elbetde, Perwerdigäriňiz adamlar özlerine (özleri) zulum edenlerinde hem (olara görä) magrypat eýesidir (geçirimlidir). Ýöne Perwerdigäriňiziň azaby gaty zatdyr.

7. Kapyr bolan kimseler: "Oňa (Muhammede) Perwerdigäri tarapyndan bir aýat - mugjyza inderilsedi" diýdiler. Siz diňe (kapyrlary Allanyň azabyndan) gorkuzyjysyňyz. Her bir kowum üçin (Alla ýoluna) itekleýji -hidaýat ediji bardyr.

8. Diňe Alla her bir aýalyň göterip ýören hamylasyny (ogulmy-gazmy, owadanmy-bigörkmi) hem ýatgydan (mütdetinden ozal) aýrylýan (ýa dogulýan) çagany hem (dokuz aýdan) artygrak saklanýan çagany hem bilýär. Onuň dergahynda her bir zat ölçeglidir.

9. Ol gaýyby, şahadaty (gizlin we äşgäre ähli zady) biliji beýik we (deňine ýetip bolmaýan) ýokarydyr.

10. Siziň araňyzdan öz gepini ýaşyran kişi hem, ony aşgär eden kişi hem, gije garaňkysynda gizlenýän hem, gündizine açyk äşgär ýörýänler hem (Onuň) üçin deňdir. (Ol hemmäniň, hem, her bir kişiniň halatyny hem görüp-bilip durandyr).

11. Onuň (ýagny, her bir ynsanyň) öňünde hem, yzynda hem gözegçlik ediji perişdeler bolup, olar Allanyň emri bilen ony saklap, gorap duryarlar. Tä bir kowum özlerini özgert -meýänçäler Allanyň olaryň ahwalyny özgertmejegi anykdyr. Haçan Alla bir kowuma ýamanlyk-bela ibermegi erada etse, bes, ony gaýtaryp bolmaz. We olar üçin Ondan özge häkim ýokdur.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, bir kowumyň ahwaly ýaman tarapa üýtgese, onuň sebäbi üstlerindäki zalym häkim däl-de, belki, olaryň özleriniň hak ýoldan azaşandyklarydyr hem. Pygamber alaýhy-s-salamyň şu hadysy ýokardaky aýat bilen äheňdeşdir: "Özüňiz nähili bolsaňyz, üstüňize-de şeýle häkim geler".

12.(Eý, adamlar, Alla) size (gök gümmürdisinden) gorkan we (ýagyş ýagmagyndan) umydygär bolanyňyzda gorkunç ýyldyrymy we lemmer bulutlary getirýändir.

13. Gök gümmürdisi hem Oňa (ýagny, Allaga) hamdy-sena (öwgi-alkyş) bilen tesbyh aýdýar (ybadat edýär). Perişdeler hem Ondan gorkany sebäpli (tesbyh aýdýarlar). Ol ýyldyrym çakdyryp, onuň bilen Özi islän kimselerini - ol kimseler Alla dogrusynda

dalaşyp-dartyşyp durkalar urar. Ol (tutan wagtynda) gaty tutýandyr.

14. Hakyky doga-dileg diňe Oňa edilýär. Doga-dileg edilýän butlar bolsa, müşrikleriň bir dogasyny hem mustajap (berjaý) etmez. Olar ylla suwa elini uzadyp, onuň öz-özüniň agzyna ýetmegine garaşyp duran adama meňzeýär. Ýöne ol (jansyz bolan suwuň özi) onuň agzyna ýetýän däldir. Beýle kapyrlaryň dogasy mutlaka bipeýda - hatadyr.

15. Asmanlar we Ýerdäki barça janly zat we olaryň saýalary isleseler, islemeseler ertir-agşam diňe Allaga sejde edip - boýun synýarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam taglymatyna görä, gökdäki ähli möwjudat (barlyk) Alla-tagala sejde edýär, ýagny, Allanyň boýunlaryna goýan wezipesini berjaý edip, Oňa boýun synýar. Şunlukda, Ýaradana etagatsyz-lyk - boýun synmazlyk bagtsyzlyk diýmekdir. Meselem, gökdäki Gün özüniň seýrini bir dem saklasa, deňizler bugaryp-gurap, gurak ýerler ýanyp giderdi. Şonuň ýaly möminu-kapyr bolan ynsanlaryň bedenindäki bir agza öz wezipesini ýerine ýetirmese, ynsan ömri togtaýar. Diýmek, ýaşaýyş tertibiniň-intizamynyň bozulmazlygy üçin ýerdäki we asmandaky ähli zadyň ýalňyz Ýaradana boýun synmagy hökman eken. Bu aýat sejde aýatydyr.

16.(Eý, Muhammet, kowumyňyza) aýdyň (soraň): "Asmanlaryň we Ýeriň Perwerdigäri kim?" "Alla!" diýip jogap beriň (çünki, olar, barybir ondan başga jogap tapyp bilmezler). Soňra olardan: "Onda şol (Alla)ny goýup, (özgeler-ä däl, hatda) özlerine hem peýda-zyýan ýetirmäge kadyr bolmadyk butlary saýlap aldyňyzmy?" diýip soraň. Ýene aýdyň ki: Kör (gümrah) bilen görýän (hak ýola giren kişi) deň bolarmy? Ýa zulmat (tümlük) bilen nur deň bolarmy? Ýa olar Alla üçin Allanyň ýaradany ýaly (nämedir bir zady) ýaradyp bilýän şärikler tapyp, soňra olara ýaradan zatlaryny (hem aslynda kimiň ýaradany) nämälim boldumy? Aýdyň: "Alla barça zady ýaradyjydyr we Onuň tenha Özi güýçlüdir" (diýip).

17.(Alla) asmandan suw (ýagmyr) ýagdyranda, jülgeler dolup-daşyp, sil suw ýüzünde köpükleri hem getirýär. (Adamlaryň) zer-zynat ýa-da esbap ýasamak üçin eredýän magdanlaryndan hem şonuň ýaly (köpürjik) (galyndy, çökündi peýda) bolýar. Alla hak bilen ýalany, ine, şeýle parhlandyrýar. Indi ol köpük (wagty gelip) öz-özünden ýok bolup gider. Adamlara peýdaly bolan zat bolsa, Ýer ýüzünde galar. Alla mysallaryny, ine, şeýle (açyk-aýdyň) beýan edýär.

18. Perwerdigärine etagat edenler üçin gözel sylag-jennet bardyr. Oňa etagat etmedik kimseler bolsa, ýerdäki bar malu-döwleti (ýene) iki esse (köpelip) olaryň bary özleriniňki bolsa-da, elbetde, ony (Allanyň azabyndan gutulmak üçin) pida ederler. (Emma) olar üçin iň ýaman hasap-kitap bardyr. Olaryň jaýlary jähennemdir. Nägadar ýaman jaý ol!.

19-20. (Eý, Muhammet) eýsem, size Perwerdigäriňiz tarapyndan inderilen zadyň anyk hakykatdygyny bilýän - iman getirýän kişi (başga köňül gözi) kör kimsä meňzärmi?! (Bular bir-birine asla meňzemeýärler. Bu aýatlardan) diňe Allaga beren ähtlerine wepa kylan we bu wadalaryny bozmaýan akyl eýeleri ýatlatma - ybrat alarlar.

21. Olar Allanyň sazlaşyga buýran zatlaryny (ýagny, garyndaş-uruglar bilen gatnaşygy) baglaýarlar. Perwerdigärinden gorkýarlar we eger hasap-kitaba duçar bolmakdan gorkup (mydama ýagşy amal etmäge ymtylýarlar).

22-23. Perwerdigäriň ýüzüni (razylygyny) gözläp, (mähnet-muşakgatla-ra) sabyr-takat edip, namazy doly berjaý edýän we Biziň rysk edip beren nygmatlarymyzdan gizlin we äşgäre haýyr-yhsan edýän hem-de ýamanlygy ýagşylyk bilen gaýtarýanlar - ana, şolar üçin ahyret diýary bardyr ki, (ol diýar) ebedi durýan jennetler bolup, olar o ýere ata-babalary, jübti-halallary (aýallary) we zürýatlaryndan ybarat wepaly bendeler bilen bile girerler. Soňra

olaryň huzuryna her işikden perişdeler girip, (diýerler):

24."(Alla ýolundaky kynçylyklara) sabyr-takat edip ýeteniňiz sebäpli, (indi bu jennetlerde) size dynçlyk-asudalyk bolar. Bu ahyret diýary neneň ýagşy!".

25. Allaga beren ähli-peýmanlary pugta bolanyndan soň, (ony) bozýan, Allanyň sazlaşyga buýran zatlaryny üzýän we Ýer ýüzünde bozgaklyk edip ýören kimseler hem bar ki, olar üçin (Allanyň) näleti bolar we olar üçin iň ýaman diýar - jähennem bardyr.

26. Alla Özi islän kişileriniň rysgyny giň eder (we Özi halan kişileriniň) ryskyny teň (ýaramaz) eder. (Müşrikler) ine, şu pany dünýä bilen şady-horram boldular, aslynda bu pany dünýä ahyretiň ýanynda diňe bir wagtlaýyn mata(zat)dyr.

27. Kapyr bolan kimseler: "Oňa (Muhammede) Perwerdigäri tarapyndan bir aýat-mugjyza inderilsedi" diýdiler. (Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Elbetde, Alla Özi halan kimselerini gümrah eder we (Allaga tobasy) kabul (bolan) kişileri Öz dinine salar" (diýip).

28. Olar iman getiren we Allany zikr etmek (gaýtalamak) bilen kalblary aram tapýanlardyr.

29. Iman getirip, ýagşy amallar edenler üçin hoşluk we gözel akybet - jennet bardyr.

30.(Eý, Muhammet), şeýle edip, Biz sizi (köpden-köp) öwlatlardan Soň gelen bir öwlada - olar Mähriban Allany inkär edip ýören ýagdaýlarynda - Biziň size wahyý kylan zatlarymyzy düşündirip bermegiňiz üçin pygamber edip iberdik. Aýdyň: "Ol (Mähriban Alla) meniň Perwerdigärimdir. Hiç hili ylah ýok, meger, Onuň Özi bardyr. Onuň Özüne töwekgel kyldym - söýendim we Onuň Özüne toba-tagsyr kylar men" (diýip).

31. Eger Gurhanyň ýardamy bilen daglar ornundan süýşürilse, ýa onuň kömegi bilen Ýer ýarylyp (derýalar peýda bolsa) ýa-da Onuň kömegi bilen ölüler dil açdyrylsa hem (dinsiz kimseler, barybir, iman getirmeýärler). Ýok, barça iş ýalňyz Allanyň häkimligindedir. (Ýagny, Alla halasa, iman getirerler), eger Ol islemese, barça talaplary berjaý edilse-de, olar iman getirmeýärler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat müşrikleriň pygamber alaýhy-s-salama: "Eger hakyky pygamber bolsaň, daglary ornundan süýşürip, olaryň ornunda derýalary, çeşmeleri döretgin. Ölen ata-babalarymyzy diriltgin, olar zybana gelip, seniň pygamberligiňe güwälik bersinler, şonda biz hem saňa iman getireris" diýenlerinde, hasyl bolandyr. Aýatyň dowamynda gelýän aşakdaky jümlelerde "Bir mugjyza görkezilse, ine, şu müşrikler hem iman getirermikäler?" diýip umydygär bolan käbir sahabalara pent berilýär.

Iman getiren kişiler eger Alla halasa, şek-şübhesiz, (Ol bir mugjyza hasyl kylmazdan) barça adamlaryň hidaýat etmeklerini (dogry ýoly düşmegini, munuň Alla üçin hiç zat däldigini) bilmedilermi? (Emma Allanyň Özüne belli hikmet sebäpli, Ol hidaýat ýoluna ýörmek we ýörmezligi bendeleriniň yggyýaryna goýandyr). Tä Allanyň wadasy gelýänçä (ýagny, Yslam dini karar tapýança), küfr ýoluny tutan kimselere özleriniň kylmyşlary sebäpli, dürli apat-belalar ýetýär ýa-da olaryň diýarlaryna ýakyn ýerlere (külpet) düşüp, (olara gam-teşwiş, bihalawat, nädynçlyk edýär). Elbetde, Alla wadasyna garşy iş etmez.

32.(Eý, Muhammet), sizden owalky pygamberleriň üstünden hem gülüp, masgara edilende, Men (şol pygamberlere ýalançy diýip) küfr ýoluny tutan kimselere (biraz) möhlet berip, soňra olary (Özümiň azabym bilen) tutandyryn. Soň (şonda) olary nähili jezalan -dyranymy (bilersiň).

33. Her bir janyň eden amalyny (görkezip) durýan zat (hiç zady görmeýän, eşitmeýän jansyz butlara meňzeýärmi?) Olar (dürli mahluklary) Allaga şärik etdiler. (Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Ol

butlaryňyzyň atlaryny (we olaryň ellerinden gelýän işleri) aýdyňd-a! Belki, (Allaga) Ýer ýüzündäki bilmeýän bir zadanyň habaryny berersiňiz ýa-da diňe boş söz bilen (ýagny, hiç hili iş-amal golundan gelmeýän, jansyz närseleriň gury sözlerine ynanyp, hudaý diýip sygynyp geziberýäňizmi?"). Ýok, küfr ýoluny tutan kimse- lere mekir-hileleri gözel bolup göründi we olar hakykat ýolundan azaşdylar (çekildiler). Ki Alla ýoldan azaşdyrsa, onuň üçin birem hidaýatçy (ýol görkeziji) bolmaz.

34. Olar üçin pany dünýäde hem azap bolar. Emma ahyret agyrdyr-gatydyr. Olary, Alla (azabyn)dan saklaýjy bolmaz.

35. Takwalar üçin wada berlen jennetiň mysaly (şeýledir): aşagyndan derýalar akýar, miweleri we saýalary bakydyr. Bu takwalyk bilen ötenleriň akybeti-gelejegidir. Kapyrlaryň akybeti bolsa dowzahdyr.

36.(Eý, Muhammet), Biziň kitap (Töwrat, Injil) beren kişilerimiz size hasyl edilen zat (Gurhan) sebäpli şatlanýandyrlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat kylmaklaryça, ýahudy we nasranylardan Abdullah ibn Salam, Najoşiý ýaly käbir kişiler hezreti Muhammet alaýhy-s-salama Gurhan inderilenden habar tapyp, öz kitaplarynda Töwratdaky we Injildäki Alla tagalanyň ahyrky pygamberi iberýändigi hakyndaky beren wadasynyň amala aşanyna şatlanyp, pygamber aleýhy s-salama iman getiripdirler.

(Ýahudylardan we nasranylardan size garşy bolan) toparlaryň arasyda onuň (Gurhanyň) bir bölegini inkär edýän kimseler hem bardyr. (Olara) aýdyň: "Elbetde, men ýalňyz Alla ybadat etmäge we Oňa (birewi şärik etmezlige) iberilen - emr edilendirin. Men diňe Oňa (ybadat etmäge çagyrýaryn we ýalňyz Onuň Özüne gaýdaryn" (diýip).

37. Şonuň ýaly (ýagny, ozal öten pygamberlerimize öz dillerinde wahyý iberişimiz ýaly) Biz ony (Gurhany) araby höküm halynda

iberdik. Kasam ki, eger siz özüňize gelen bu bilimden soň, olaryň haýu-höweslerine eýerseňiz, siz üçin Alla tarapyn bir dost hem, goragçy hem bolmaz.

38. Hakykatdan hem, sizden öň hem (köp) pygamber iberendiris we olara jübütler we zürýat berendiris. Bir pygamber üçin hem (öz-özünden) nähilidir bir aýat-mugjyza getirmek mümkinçiligi bolmady, meger, diňe Allanyň idin-rugsady bilen (getirendirler). Her wagt üçin (mynasyp) höküm-kitap bardyr.

39. Alla Özi islän zadyny (hökümini) öçürer we (öz islän hökümini) karar eder. Asyl Kitap (ähli zadyň bilimi) Onuň dergahyndadyr.

40. Eger Biz size (kapyrlara) wada eden käbir zatlarymyzy (ýagny, azaplarymyzy) gör- kezsek hem ýa-da sizi (olary azaplamazdan öň) wepat etdirsek hem, elbetde, siziň borjuňyzda (barybir, hak dini adamlara doly) ýetirmek, Biziň borjumyzda bolsa, hasap-kitap etmek bardyr.

41.(Mekge müşrikleri) Biziň olaryň ýerlerine gelip, ony gyrasyndan kemeldýändigimizi (ýagny, musulmanlaryň' gadam-bigadam bu ýerleri fath (patyha) edýänlerini görmedilermi? Alla höküm eder - Onuň hökümini saklaýjy bolmaz. Ol tiz hasap-kitap edijidir.

42. Olardan ozal öten kimseler hem (öz pygamberlerine garşy durup mekir-hileler edipdiler. Emma barça mekir-hileler Allanyň (erkindedir. Diýmek, Ondan emr bolmasa, bir mekiriň hem zyýany, peýdasy bolmaz). Ol her bir janyň edýän işini bilýär. Ýakynda kapyrlar ahyret diýarynyň kimiňkidigini bilerler.

43. (Eý, Muhammet, size) kapyr bolan kimseler: "Sen pygamber däl" diýdiler. Aýdyň: "Men bilen siziň araňyzda Alla we Kitap ylmyndan habardar bolan her bir (imany bar) kişi ýeterlik güwädir" (diýip)

14. YBRAÝYM SÜRESI

Mekgede hasyl bolan elli iki aýatdan ybarat bu süre pygamberleriň boýnuna ýüklenen wezipäniň ynsaneti zulmatdan nura alyp çykmakdygyny beýan etmek bilen başlanýar. Süräniň "Ybraýym" diýip atlandyrylmagyna sebäp, onda pygamberleriň atasy Ybraýym alaýhy-s-salamyň, Mekgä gelişi we ol ýerde Alla tagala kylan doga-dilegleri dogrusynda hekaýat edilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip. Lam. Ra. (Eý, Muhammet, bu Gurhan) Biziň size adamlary Perwerdigäriňiziň idin-eradasy bilen zulmatdan nura (ýagta - gudrat we hamdy-sena eýesi bolanyň ýoluna - alyp çykmagyňyz üçin hasyl bolan Kitapdyr.

2. Asmanlar we Ýerdäki bar zatlar Allanyňkydyr. Kapyrlar üçin gaty azap - helekät bolgaý.

3. Olar pany dünýäni afzal hasaplaýan, Allanyň, ýolundan tesýän we ony (bu ýoly) bozýan (bozmaga ymtylýan) kimselerdir. Olar hak ýoldan daş - zelalatdadyrlar.

4. Biz her bir pygamberi (hökümlerimizi) beýan edip bermek üçin öz kowumynyň dili bilen (şol dilde sözleýän kişi edip) iberendiris. Soňra (höküm beýan edilenden soň) Alla Özi islän kimsesini ýoldan azdyrar we Özi islän kişisini hidaýat eder. Ol gudratly, hikmetlidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Pygamberleriň wezipesi dine çagyrmakdyr. Bir kişini azdyrmak ýa-da hidaýat etmek bolsa, hiç bir pygamberiň, golundan gelmeýär - bu ýalňyz Alla tagalanyň islegine bagly işdir.

5. Hakykatdan hem, Musany (Ysraýyl kowumyna) Öz aýatlarymyz bilen iberip, (oňa diýdik): "Kowumyňy küfr zulmatdan (iman) nuruna alyp çykgyl we olara Allanyň nygmatlaryny ýatlatgyn! Elbetde, bu

(nygmatlar)da her bir sabyr-kanagatly, şükür ediji kişi üçin aýat-ybratlar bardyr".

6. Şonda Musa kowumyna aýtdy: "Allanyň size beren nygmatlaryny -sizi agyr azaplar bilen gynaýan, ogullaryňyzy öldürip, aýallaryňyzy (örtäp) diri galdyrýan Firawun adamlaryndan gutaranymyzy ýatlaň. Ana, şol işlerde Perwerdigäriňiz tarapyndan uly synag bardyr.

7. Ýene Perwerdigäriňiziň aýdan (bu sözlerini) ýatlaň: "Kasam ki, eger beren nygmatlaryma şükür etseňiz, elbetde, (olary ýene-de) zyýat edermen. Indi eger küfrüni (nygmat) etseňiz, (nygmatlarymyň gadryny bilme- seňiz), elbetde, azabym hem örän' gatydyr".

8. Musa ýene aýtdy: "Eger siziň özüňiz we Ýer ýüzündäki barça kişiler kapyr bolsalar hem (Allaga birem zyýan ýetirip bilmersiňiz). Çünki, Alla (siziň şükür etmegiňize mätäç bolmadyk) bihajat, alkyş-öwgi eýesidir.

9. Sizden owal öten kişileriň, - Nuh kowumynyň, Aat, Samud (kowumlarynyň) we olardan soň öten (sanagyny) diňe Alla bilýän kowum- laryň habary gelmedimi? Olara pygamberleri (özleriniň hak pygamberdigini bildirýän) hüjjetler getirenlerinde, olar elleri bilen (pygamberleriň) agzyny (sözlerini diňlemän) bekläp, diýdiler: "Biz siziň ilçi edilip iberilen diniňize kapyr bolduk. Çünki, biz siziň bize ündeýän diniňize şübhedediris".

10. Pygamber aýtdy: "Asmanlaryň we Ýeriň ýaradyjysy bolan Alla(nyň) barlygy we birligi dogrusynda şek-şübhe (bolmagy) mümkinmi? Ol (Alla) siziň günäleriňizi magrypat etmek we özüňizi mälim mütdete çenli (öldürmän) galdyrmak üçin (imana) çagyryp dur-a?!" Olar aýtdylar: "Siz hem edil biz ýaly adamsyňyz, diňe bizi ata-babalarymyzyň ybadat edip öten zadyndan (senemlere sygynmakdan) kesjek bolýaňyz, bolany. Bes, (eger çyn pygamber

bolsaňyz) hany, bize bir anyk hüjjet-delil getiriň-dä?".

11. Pygamberleri olara aýtdylar: "(Hawa), biz hem edil siz ýaly adamlardyrys, ýöne Alla Özi islän bendesine (pygamberligi) ynanýar. Biz size (öz-özümizden) bir hüjjetem getirip bilmeýäris, meger, Allanyň idin-eradasy bilen (getirmegimiz mümkin).

12.(Eýsem) bizi dogry ýolumyza hidaýat eden (ýollan) Allaga näme üçin töwekgel etmeris (söýenmeris). Elbetde, biz siziň ýetiren azarlaryňyza sabyr-takat ederis. Töwekgel edijiler, ýalňyz Alla töwekgel etsinler".

DÜŞÜNDIRIŞ. Ibn al-Jawzyýnyň aýtmagyna görä, Muhammet alaýhy-s-salama geçen pygamberleriň kyssalarynyň bu görnüşde aýdylyp berilmeginiň sebäbi, birinjiden: Oňa özünden owalky geçenleriň hal-ha-baryny ýetirmek bolsa, ikinji tarapdan; öz başyna-da şol pygamberlsriň öz ymmatlaryndan gören görgüleri ýaly görgüleriň düşmeginiň mümkinligi we beýle halatda şolar ýaly sabyr-takatly bolmagyň zerurlygy düşündirilýär. Töwekgel - ulamalardan Abu Turabyň taryp etmegine görä • özüni mydam ybadata çaglamak, kalbyny ýalňyz Perwerdigäre baglamak, haky ýatlap aglamak, şat günlere şükür etmek, belaly günlerde sabyr ztmekdir.

13-14. Küfr ýoluny tutan kimseler öz pygamberlerine: "Elbetde, biz sizi ýerimizden kowup çykararys ýa-da siz biziň dinimize girersiňiz" diýdiler. Şonda Perwerdigär olara (pygamberlere): "Elbetde, Biz bu zalymlary öldüreris we olardan soň, bu ýeri siziň üçin mesgen ederis. Bu (wada) Meniň öňümde (boş sorag berip) durmakdan gorkýan we Meniň (kapyrlary dowzaha giriftar etmek dogrusyndaky) wadamdan howp edien kişiler üçindir" - diýip, wahyý iberdi.

15. (Soňra pygamberler Alladan) medet dilediler we ähli sütemkar kimseler bagtsyzlyga duçar boldular.

16-17. Onuň (ýagny, her bir dinsiz kimsäniň) öňünde jähennem bardyr. (Jöhennemde) oňa iriňli suw berilende, ony ýuwutjak bolýar (ýöne damagyndan) ötürip bilmeýär, oňa her tarapdan ölüm gelýär-de, ölüp bilmeýär. Onuň öňünde (şeýle) agyr azap bardyr.

18. Perwerdigärine kapyr bolan kimseleriň eden amallary göýä boranly günde güýçli şemal uçuryp giden küle meňzeýär - olar eden amallarynda bir peýda-da görüp bilmezler. Bu - ýoldan azmagyň özüdir.

19.*(Eý, ynsan), Allanyň asmanlary we ýeri hak (kanun) bilen ýaradyp goýandygyny görmediňmi?! Eger Ol islese, sizi gidirip, (deregiňize özgeleri) täzeden ýaradar.*

20. Bu (iş) Alla üçin kyn däldir.

21.*(Kyýamat güni) ähli (halaýyk) Allaga ýüzbe-ýüz bolup, ejiz(ler) tekepbirlere (ýagny, öz sabyk ýolbaşçylaryna) "Biz size eýerdik, indi siz bizi Allanyň bir azabyndan gutaryp bilmezmisiňiz?" diýenlerinde, olar aýtdylar: "Eger Alla bizi (hak ýola) hidaýat eden bolsady, onda biz hem sizi hidaýat ederdik (şol ýola äkiderdik, indi bolsa), dady-perýat etsegem, sabyr-kanagat etsegem, barybir, hiç hili najat-kömek ýokdur".*

22. Haçanda (bu) iş gutarandan soň (ýagny, uçmahylar uçmaha, dowzahylar dowzaha höküm edilenden soň), şeýtan aýtdy: "Elbetde, Alla size haky wada edipdi. Men bolsa (ýalan) wadalar berip, sizi aldapdym, (Ýöne) Meniň üçin siziň üstüňizden hiç hili hökümdarlyk ýokdy, diňe men sizi küfr ýoluna çagyrdym, siziň özüňiz maňa boýun syndyňyz. Indi maňa däl-de, özüňize melamat ediň. Men size kömek berip bilmeýärin. Siz hem maňa kömek beriji dälsiňiz. Elbetde, zalymlar (ýagny, kapyrlar) üçin agyr azap bardyr".

23. Iman getiren we ýagşy amallar edenler astyndan deryalar akyp duran jennetlere girizilip, Perwerdigäriň islegi bilen ol ýerde

ömürlik galdylar. Olaryň (jennetdäki salam-helikleri) biri-birine dynçlyk, amanlyk dilemekdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hormatly okyjy üns beren bolsa, ýokardaky aýatlarda kyýamat güni boljak waka-hadysalaryň hemmesi öten zaman häsiýeti bilen aýdyldy. Ulamalaryň aýdyşlaryça, bu kyýamatyň bolmagynyň aýan hakykatdygyna yşaratdyr. Şeýdip, boljagy ýa geljegi. anyk bolan wakalar hakynda öten zamanda sözlemek bir usuldyr. Meselem, ölum jezasyna höküm edilýän jenaýaty eden kimsä: "Indi öldüň" diýilýär we ş. m.

24-25. (Eý, ynsan), Allanyň ýagşy Söze (ýagny, iman) kelemesine nähili mysal getirenini görüň, ol Söz göýä bir asyl daragta meňzeş bolup, Perwerdigäriň idin-eradasy bilen mydama miwe berer. Alla adamlaryň ybrat-görelde almaklary üçin, ine, şeýle mysallary getirýär.

26. Ýaman sözüň (ýagny, küfr sözüniň) mysaly bolsa, ýerden köki-damary üzülip galan, bir ýerde ornaşyp, gögeriş tapmaýan (gurap galan) näpäk agaja meňzär.

27. Alla iman getiren kişileri pany dünýäde hem, ahyretde hem uly Söz (iman kelemesi) bilen bagtly gadam eder. Zalymlary bolsa, Alla (hak) ýoldan azdyrar. Alla Özi halan işini eder.

28-29. (Eý, ynsan) Allanyň nygmatyny (ýagny, imanyny) küfre çalşyp goýberen we kowumlaryny (ýagny, öz yzyna eýerenleri) heläket guýusyna -öz girýän jähennemine ýykan kimseleri görmediňizmi?! Nägadar ýaman ýer ol!

30. Olar (adamlary) Alla ýolundan azaşdyrmak üçin Oňa deň(leri) (oýlap) tapdylar. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Peýdalanyp galyň! Hiç şek-şübhe ýok ki, ahyrynda barjak jaýlaryňyz dowzahdyr" (diýip).

31.(Eý, Muhammet), iman getiren bendelerime aýdyň, namazy doly berjaý etsinler hem-de almak-satmak, aşna-bilişlik bolmaýan Gün (kyýamat) gelmezinden ozal, Biziň olara rysk edip beren

zatlarymyzdan gizlin we äşgäre haýyr-yhsan etsinler.

32. Alla asmanlary we Ýeri ýaradan we asmandan suw (ýagyş-gar) ýagdyryp, onuň kömeginde size rysk bolýan miweleri çykaran zatdyr. Ol Öz emri bilen deňizde ýüzüp ýörmegi üçin gämileri size boýun syndyrdy.

33. Ol daýyma (mydama) aýlanyp duran Güni we Aýy hem siziň üçin boýun syndyrdy (ýagny, siziň gowy ýaşamagyňyz üçin tertip-düzgüne saldy). Ýene gije we gündizi siziň üçin boýun syndyrdy.

34. Şonuň ýaly, siziň ähli soran zatlaryňyzy eda etdi. Eger Allanyň nygmatlaryny sanasaňyz, hasabyna ýetmersiňiz. Hakykatdan, ynsan zaty (zanny) öte zalym we näşüküdir.

35.(Eý, Muhammet), ýatlaň, Ybraýym aýdypdy: "Perwerdigärim, bu şäheri (ýagny, Mekgäni) rahat şäher etgin, meni we çagalarymy butlara bendelik etmekden yrak etgin.

36. Perwerdigärim, ol butlar köp-köp adamlary ýoldan azdyrdylar. Bes, kim maňa eýerse, ana, şol mendendir (ýagny, meniň dinimdedir). Kim maňa (garşy) isýan (ýamanlyk) etse, ýene Özüň magrypatly, mähriban Sen (ýagny, beýle kimseleri hem hak ýola hidaýat etmäge kadyr Sen).

37. Perwerdigär-ä, elbetde, men zürýatlarymdan (bir bölegini oglum Ysmaýyly we onuň enesi Hajary) Seniň hormatly Beýtiň huzuryndaky ekin ösmeýän bir çöl-düzlüge ýerleşdirdim.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Ybraýym alaýhy-s-salmyň Hadjar atly aýaly Ysmaýyly dogranda, Sara (Ybraýym pygamberiň başga aýaly). muňa gazaplanyp, Hajary gabanyp başlaýar. Şonda Ybraýym alaýhy-s-salam Alla tagalanyň emri bilen ogly Ysmaýyly we onuň ejesi Hajary alyp Şamdan Mekgä baryp, olary şol ýerde ýerleşdirip, yzyna dolanyp, Alla tagala sygynyp, ine, şu aýatlardaky dogalary okapdyr.

Hadysy-şeripde beýan edilşine görä, Alla tagala Öz pygamberi Ybraýym alaýhy-s-salamyň dogalaryny kabul edip, şol sährada "zem-zem" çeşmesini .Çogduryp, ol ýerde galanlaryň gün-güzeranlaryny eda edipdir.

Perwerdigär, (olar) namazy doly berjaý etsinler diýip (şeýle etdiň). Bes, Sen Özüň adamlaryň ýüreklerini olara maýyl edip goýgul we olary (barça) miwelerden hoşal etgil. Belki, şükür ederler.

38. Perwerdigär-ä, elbetde, Sen biziň ýaşyran zadymyzy hem, äşgär eden zadymyzy hem biler Sen. Alla üçin ýeru-asmandaky bir zat hem gizlin däldir.

39. Maňa garran çagymda Ysmaýyly we Ishaky beren Allaga hamdy-sena (alkyş) bolsun. Elbetde, Perwerdigärim ähli dogalary eşidijidir.

40. Perwerdigärim, dogamy kabul eýle.

41. Perwerdigär, hasap-kitap edilýän (kyýamat) güni meni, ata-enemi we ähli möminleri magrypat etgin".

42.(Eý, Muhammet), siz hergiz: "Alla zalym kimseleriň edýän amallaryndan gapyldyr" diýip oýlamaň! Diňe Alla olary gözleriniň batyp galýan gününe çenli (kyýamata) çenli saklaýar, bolany.

43-44.(Ol gün) olar başlaryny (asmana) göteren ýagdaýlarynda (çagyrylan tarapa hasap-kitap üçin) ylgarlar. Gözleri özlerine gaýtmaýar (ýagny, gözleri batyp galyp, özleriniň nähili haldadygyny hem görmeýärler). Ýürekleri boş bolup galar. (Eý, Muhammet), adamlary habardar edip goýuň ki, olara azap gelýän günde (kyýamatda) zalym kimseler: "Perwerdigär-ä, bize azajyk möhlet bergin, (ýagny, bizi dünýä gaýtaryp, azajyk ýaşaýyş bergin. elbetde). Seniň çakylygyňy kabul ederis we pygambere eýereris" diýdiler. (Şonda olara jogap aýdylar): "Owal (ýaşaýan wagtyňyzda) hiç haçan zowala ýüz tutmazlygyňyz (ýagny, hiç haçan ölmezligiňiz we ahyret jezasyna duçar bolmazlygyňyz) hakynda (bilip- bilmän) kasam içmänmidiňiz?!"

45. (Ahyr) siz özüne zulum eden (ençe-ençe) kimseleriň mesgenlerine (olar zowala ýüz tutanlaryndan soň) ornaşdyňyz. Olary nähili (heläk) edenimiz hem size anyk mälimdi. Biz siziň üçin (ençe-ençe) mysallar getiripdik. (Emma siz bu gören-bilen zatlaryňyzdan ybrat-sapak alma-dyňyz, hak ýola ýörmediňiz).

46. Hakykatdan hem, olar (ýagny, Mekge müşrikleri) özleriniň mekirliklerini etdiler, (emma) eger olaryň mekirleri sebäpli, daglar ýumrulyp gidýän bolsa-da, olaryň (bu) mekir-hileleri Alla huzurynda (mälimdir, hiç zatdyr).

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda müşrikleriň Muhammet alaýhy-s-salama garşy eden hile-hyýanatlaryna we Alla tagalanyň olaryň ähli urunmaklaryny biderek edýändigine yşarat edilýär.

47-48. (Eý, Muhammet), siz hergiz Allany öz pygamberine beren ("Biz, elbetde, pygam- berimizi ýeňiji ederis" diýen) wadasyna hylap (garşy) diýip oýlamaň. Elbetde, Alla ýeňijidir we (ol) ýeriň başga ýere, asmanlaryň (özge asmailara) öwrülýän hem-de (barça adamlaryň) ýalňyz we gudratly Allaga ýüzbe-ýüz bolýan günde (kyýamatda) intikam (sorag-jogap) alyjydyr.

49.(Eý, Muhammet), ol günde jenaýatçy kimseleri zynjyr bilen baglanan ýagdaýda görersiňiz.

50. Olaryň geýimleri gara ýagdan bolup, ýüzlerini ot-alaw örtüp durar.

51. Alla her bir jana eden işine ýaraşýan jeza bermek üçin (ine, şeýdip gaýtadan dirildýär). Elbetde, Alla juda tiz hacap-kitap edijidir.

52. Bu (Gurhan) adamlary habardar etmek üçin we (olaryň Allanyň) ýalňyz ylahdygyny bilmekleri üçin hem-de akyl eýeleriniň ybrat-ýatlatma almaklary üçin (Alla tarapyndan hasyl edilen) bir

beýanat - habardyr.

15. HIJR SÜRESI

Mekgede hasyl bolup, togsan dokuz aýatdan jemlenen bu sürede Allanyň pygamberleri Ybraýym, Lut, Şuaýb we Salyh alaýhy-s-salamlaryň kyssalary sözlenýär. Bulardan Salyh pygamberiň kowumlary - Samud tiresiniň Hijr (Medine we Şam - Siriýanyň) arasyndaky düzlükdendigi zikr edilip, bu süräniň, "Hijr" diýip, atlandyrylyşynyň sebäbi şudur

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip, Lam, Ra. Şu (aýatlar) Kitabyň - röwşen (açyk aýdyň beýan edilen) Gurhanyň aýatlarydyr.

2. Häli (kyýamat güni) kapyr bolan kimseler musulman bolmagy islärler.

3.(Eý, Muhammet), goý, olar iýip-içip hezil etsinler, arzuw-höweslern bilen meşgul bolubersinler. Tiz (bu etmişleriniň akybetiniň näme boljagyny) bilerler.

4. Biz haýsy-da bolsa, bir şäheri (ýagny onuň ilatyny) heläk eden däldiris, meger, onuň üçin anyk mütdet (ýetende şeýle) bolandyr.

5. Hiç bir halk (nesil) öz ajalyndan (mütdetinden) öň (bu dünýäden) gidip bilmeýär. Şonuň ýaly (ondan) yzda hem (soň hem ýaşap) galyp bilmeýär.

6-7. Olar, (ýagny, Mekge müşrikleri - kapyrlar Muhammet alaýhy-s-salamy masgara edip): "Eý (özüne) ýatlatma-Gurhan hasyl bolan (diýip dawa! edýän) kişi, hakykatdan hem sen möminsiň. Eger ("Men Allanyň! pygamberidirin" diýen dawaňda) rastgöý bolsaň, bize (özüňi tassyklaýan) perişdeleri getird-ä" diýdiler.

8. Biz bolsa, perişdeleri diňe (kapyrlar boýnuna) hak (bolan azap) bilen iberýäris we bu halda olara seredip durulmaz (ýagny, derrew

olar heläk bolar).

9. Elbetde, bu ýatlatmany (Gurhany) Biziň Özümiz inderdik we şübhessiz Özümiz ony saklaýjydyrys.,

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam tälimine görä, Gurhan ylahyý-keramatly kitaplaryň soňkusydyr. Şeýlelikde, ine, şu aýatda tä kyýamata çenli ýitirmän, bozman saklamagy Alla tagala Öz borjuna alandyr. Şu sebäpden, başga, öňki ymmatlara hasyl edilen ylyhaý kitaplara özgerişler girizilip, bozlan halda, meselem, Injiliň ýetmişden gowrak göçürmesi bar, ýöne asyl nusgasy ýok. Gurhan bolsa, indi on dört asyrdan bäri pygamber alaýhy-s-salama nähili inderilen bolsa, ýok etmäge synanyşyk edilse-de, bela-apatlardan goranyp, edil öňküsi ýaly saklanyp gelýär.

10. (Eý, Muhammet), anyk ki, Biz sizden öň geçen owalky (dürli-dümen) taýpalara hem (pygamber) iberendiris.

11. Olar hem özlerine gelen pygamberi masgara edip, gülüpdiler.

12. Şonuň ýaly, ony (ýagny, pygamberleriň üstünden gülmek yllatyny Biz) -

barça günäkär-asylaryň ýüreklerine salyp goýýarys.

13. Olar oňa (Gurhana) iman getirmeýärler. Şunlukda, owalkylaryň sünnetleri ybratlary ötendir (ýagny, owalky dinsiz kimseleriň akybeti- niň nähili bolandygy mälimdir).

14-15. Eger Biz olara asmandan bir derweze açyp goýsak-da, ondan (şol derwezeden asmana) göterilip başlasalar hem, elbetde, olar: "Şek-şübhesiz, biziň gözümiz baglandy, belki. biz jadylanandyrys" diýen bolarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda düşündirilişine görä, gowün gözi kör kimselere gök asmanyň syrlaryny, ondaky melaýyklary, perişdeleri görmek miýesser etse-de, barybir Ýaradana iman getirmäge derek: "Biziň gözümiz baglandy, özümizi jadyladylar" diýmekden aňry geçmeýärler.

16. Mälim ki, Biz asmanda sütünler ýaratdyk we gözegçilik edýän (pikir eýeleri) üçin ony (ýyldyzlar bilen) bezäp goýduk.

17. We ony (asmany) ähli melgunlardan, şeýtanlardan, jynlardan goradyk.

18. Meger (ol jynlardan) biri (asmandaky perişdeleriň bir sözüni)

ogrynça eşitse, bes, ony açyk (uçýan) ýyldyz (elbetde) kowalap ýeter (ýagny, helak eder).

DÜŞÜNDIRIŞ. Dini tälim-taglymata görä, zemin ynsanyň mekany, asman bolsa - perişdeleriň mekanydyr. Perişdeler "Allanyň esgerleri" sanylyp, Alla tagala ýerdäki bendeleri dogrusyndaky höküm-permanlary ýetirmegi, ana, şol perişdeleriň üstüne ýükläpdir. Älemde üçünji bir taýpa - jynlar taýpasy hem bar bolup, olaryň käbirleri perişdeleriň özara gürrüňlerini ogrynça eşidip, ýerdäki palçylara ýetirmekçi bolýarlar. Bu aýatlarda düşündirilişiçe, asmandaky uçýan-süýnýän ýyldyzlar, ana, şonuň ýaly jynlara atylan okdur.

19. Ýeri bolsa, ýaýyk (giň) kyldyk we onda daglary ornaşdyryp goýduk hem-de ýerde dürli-dümen zatlary (bag-bakjalary) öndürip-ösdürdik.

20. We onda (ýerde) siziň üçin we siziň rysklandyryp bilmeýän (belki, diňe Biziň rysk berenlerimiz - ýabany janly-jandarlar) üçin dirilik - rysk-nesibeleri ýaratdyk.

21.(Siziň gündelik rysgyňyz bolan) her bir zadyň asly-sakasy Biziň dergahymyzdadyr. Biz ol zatlary anyk ölçeg bilen (Size) inderýäris.

22. Biz şemallary (tohumlandyrýan) edip iberdik, asmandan suw (ýagyş) ýagdyryp, sizi onuň bilen suwardyk. Siz ony (bu suwy) toplaýjy dälsiňiz (belki, Biz derýalar we köller ýaradyp, ony siziň üçin toplaýarys).

'23. Elbetde, Biz Özümiz (ähli jandara) ýaşaýyş we ölüm berýäris. Wiz (ebedi) warys (ýagny, ähli janly-jansyz geçenden soň hem ýalňyz Özümiz galýarys).

24. Anyk ki, Biz sizden öň ötenleri-de, sizden soň geljekleri-de bilýäris.

25.(Eý, Muhammet), elbetde, Perwerdigäriňiziň Özi (kyýamat güni) olary (ýagny, owal-ahyr ötenleri) toplar. Elbetde, Ol hikmet we bilim sabyhydyr.

26. Mälim ki, Biz ynsany (Adamy) laýdan ýaradyp, soňra ynsan suratyny berendiris.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, häzirki zaman ylmy ynsan bedeninde topragyň düzümindäki bolan jisimleriň bardygyny subut etdi.

27. Jyny (ýagny, Iblisi) bolsa, (Adamdan) öň ataşdan-otdan ýaradypdyk.

28-29. (Eý, Muhammet), ýatlaň Perwerdigäriňiz: "Elbetde, Men (asly) palçykdan bolan, guradylan palçykdan ynsan suraty berlen - Beşeri ýaradyjy Men. Haçanda ony dikläp, içine Öz (dergahymdaky) jany girizenimde, siz oňa sejde edip ýykylyň!" diýip, perişdelere aýdan wagty:

30. Ähli perişdeler oňa (Adama) sejde kyldylar.

31. Diňe Iblis sejde edýänler bilen(bile) bolmakdan baş göterdi.

32.(Şonda Alla) aýtdy: "Eý, Iblis, nämüçin sen sejde edýänler bilen bile däl?"

33. Ol aýtdy: "Men (asly) gara palçykdan bolup, guradylyp, ynsan suraty berlen - seniň ýaradan Adam(yňa) sejde etmerin".

34.(Alla) diýdi: "Bes, ondan (jennetden) çyk! Indi sen, şek-şübhesiz, (Meniň dergahymdan) kowlan melgunsyň".

35. We, Elbetde, tä jeza (kyýamat) gününe çenli saňa (hemmeleriň) lagnaty bolgaý".

36.(Iblis ýalbaryp): "Perwerdigärim, onda maňa olaryň dirilýän gününe çenli (ölmän ýaşamaga) möhlet bergil" diýdi.

37-38. (Alla): "Bes, sen mälim wagtda (ýetip geljek) Güne çenli (kyýamata çenli) möhlet berlenlerdensiň" diýdi.

39. (Iblis): "Perwerdigärim, kasam ki, indi meni ýoldan azdyranyň sebäpli, elbetde, olara (Adam perzentlerine) ýerdäki (ähli günä işleri) gözel edip görkezermen we, elbetde, olaryň hemmesini ýoldan azdyrar men.

40. Meger, diňe olaryň arasyndaky (käbir) päk bendeleriň (hak ýoldan azman galarlar)" diýdi.

41-42. (Alla); "Meniň nezdimdäki Dogry Ýol budur (islegim şeýledir): anyk ki, Meniň bendelerimiň üstünden seniň üçin hiç hili soltanat-hökmürowanlyk ýokdur, meger, diňe saňa tirkeşen gümra kimseleri (bu Dogry Ýoldan azdyryp bilersiň)" diýdi.

43. Ol kimseler üçin wada edilen jaý, şek-şübhesiz, jähennemdir.

44. Onuň ýedi derwezesi bolup, her derwezeden olaryň bir topary girýär.

45. Takwalar bolsa, elbetde, baglaryň we çeşmeleriň arasyndadyr.

46. Ol (ynsanlara: "Jennetle)re rahatlyk bilen sag-aman giriň" diýilýär.

47. Biz jennetdäki toparlarda dost-ýoldaş bolup, bir-birlerine ýüzbe-ýüz oturanlaryň kalbyndaky her hili kineleri çykaryp taşladyk.

48. Ol jaýda hiç hili alada bolmaz we olar ondan çykarylmaz.

49-50. (Eý, Muhammet), bendelerime ýalňyz Meniň Özümiň magrypatly, mähribanlygymy we Meniň azabymyň iň ejirli azapdygyny habar bergin!

51. Ýene olara Ybraýymyň myhmanlary hakynda habar ýetirgin!

DÜŞÜNDIRIŞ. Gurhanyň käbir sürelerinde aýry-aýry aýatlar täzeçe many berip, tekrarlanýar. Ybraýym alaýhy-s-salam hakyndaky şu aýatlar hem şol jümlelerdendir.

52. Şonda olar (Ybraýymyň) huzuryna girip: "Salam" diýenlerinde,

(Ybraýym aleýk alyp, olara göle etini bişirip getirdi. Emma myhmanlar tagama gol uzatmansoňlar), ol: "Biz Sizden gorkup otyrys. (Siz kim özi)" diýdi.

53. Olar: "Gorkmagyl (biz Allanyň iberen perişdeleridiris) - diýdiler. Biz saňa bir bilimdar ogul (ýagny, Ishak) hoşhabaryny ýetirýäris" diýdiler.

54. Ol: "Maňa garrylyk ýeten wagtda (perzent görjegim hakda) hoşhabar getirdiňizmi? Indi maňa (bu ýaşymda) nämäniň hoşhabaryny ýetirýärsiňiz?" diýdi.

55. Olar: "Biz saňa, dogrudan hem, (perzent görjegiň) hoşhabaryny getirdik. Bes, sen näumyt kimselerden bolmagyn!" diýdiler.

56. Ol: "Perwerdigäriň fazly-rahmetinden diňe gümra kimseler näumyt bolýarlar" (Men olardan däldirin) diýdi.

57. (Soňra olara garap, ýene) "Eý, ilçiler, näme ýumuş bilen geldiňiz?" diýdi.

58. Olar: "Biz bir günäkär kowuma (ýagny, Lut kowumyny heläk etmek üçin) iberildik.

59. Emma biz Lutuň maşgalasyny doly gutarjakdyrys (halas etjekdiris).

60. Diňe onuň aýalyna (kömek ýokdur). (Çünki) Biz (ýagny, Alla) onuň (azapda) galyjylardan bolmagyny takdyr edendiris".

61-62. Indi haçanda Lutuň ýanyna ilçilerimiz gelende, ol (Lut); "Anykki, siz nätanyş kowum" diýdi.

63. Olar: "Ýok, (biz Allanyň ilçi perişdeleri). Biz saňa olaryň (ýagny, kowumyň) şek-şübhe edýän zadyny (Alla azabyny) getirdik.

64. Biz saňa hak azaby getirdik. Biz, şek-şübhesiz, rastgöýdüris,

65. Indi sen gijäniň bir bölegi ötenden soň, ähli maşgalaňy alyp çykyp gitgin we özüň olaryň yzyndan ýetgin. Sizden bir kişi hei töweregine seretmesin we Size buýrulan tarapa garap (dogry) gidiberiň diýdiler.

66. Biz oňa (ýagny, Luta) permany daňdan wahyý etdik.

67.(Lutuň öýüne owadan ýigitleriň, gelen habaryny eşidip) şäher ilaty şatlanyp geldiler. (Çünki, olar bozuk-erbet häsiýetlere, beçebaz-lyga berilipdiler).

68.(Şonda Lut): "Bu (ýigitler) meniň myhmanlarym ahyry. Meni şermende (masgara) etmäň.

69. Alladan gorkuň! Meni ryswa etmäň" diýdi.

70. Olar: "Biz seni ähli älem (adamlaryny goramak)dan gaýtarmanmydyk?" diýdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Lut alaýhy-s-salam hemişe iline gelen myhmanlary olara zorluk etmekçi bolýan dinsizleriň ahlaksyz hereketlerinden goraýan eken. Şonda ol kapyrlar Luta; "Eger nätanyşlary bizden gorasaň, seni obamyz- dan kowup çykararys" diýip haýbat atan ekenler.

71. Ol (Lut); "Eger (bu işi) etjek bolsaňyz, ana, (obamyzdaky) gyzlarym (dur, şol gyzlara nikalaşyň-da alyberiň)" diýdi.

72-73. (Eý, Muhammet) durmuşyňyza kasamki, olar mesirgäp ýörkäler, daňdan olary elhenç bir ses tutdy.

74. Bes, biz ol şäheri astyn-üstün etdik we olaryň üstüne gatadylan palçykdan daş ýagdyrdyk.

75. Elbetde, bu (hadysa)da parasatly kişiler üçin aýat-ybrat bardyr.

76. Ýene-de ol (şäher) hemişelik ýol üstündedir (ýagny, onuň näme sebäpden Allanyň gazabyna duçar bolup, weýran edilendigi hakynda pikirlenip görmedilermi?!).

77. Elbetde, munda möminler üçin aýat-görelde bardyr.

78. Şübhesiz, bag eýeleri (ýagny, şeýle atlandyrylan Şuaýb kowumynyň) zalym (kapyr) bolandyklary anykdyr.

79. Bes, Biz olardan intikam (ar) aldyk. Şunlukda, (ýagny, Lut kowumynyň hem Şuaýb kowumynyň şäheri hem) ikisi hem açyk ýol üstündedir. (Ýagny, olary görüp sapak almaýarsyňyzmy?).

80. Anyk ki, Hijr (düzlük) eýeleri (Samud kowumy) hem pygamberleri (Salyh alaýhy-s-salamy) ýalançy hasaplapdylar.

81. Biz olara Öz aýat-mugjyzalarymyzy beripdik, bu aýatlardan ýüz öwürdiler.

82-83. (Şondan soň) olar sag-aman (göýä hiç haçan ölmejek ýaly) daglary ýonup öý gurýarkalar, olary daňdan elhenç ses tutdy.

84. Soňra olara eden zatlary (guran daş galalary) hiç hili peýda bermedi.

85. Biz asmanlary we ýeri hem-de olaryň arasyndaky zatlary diňe kada-kanun bilen ýaratdyk. Sagat-kyýamat hem, şek-şübhesiz, geljekdir. Bes, (şeýle bolsa, eý, Muhammet, siz jahyl-dinsiz kimseleriň ýetirýän azar-ezetlerine sabyr-takat ediň we olardan)

gözel ýüz öwrüş bilen ýüz öwrüň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu dünýäniň ýaşaýyşy owaldan ahyryna çenli bir sagatdyr. Şu sagat dolandan soň, kyýamat başlanar we şol sagadyň her bir ülüşindäki iş-amallar hasap-kitap edilýär. Eger şeýle bolandan soň, jahyllardan-dinsizlerden ýüz öwrüp, bu gysga ömrüň, her bir ülşüni 6u dunýäde hem, ahyretde hem peýdaly amallar etmäge sarp etmek gerek.

86. Elbetde, Perwerdigäriň Özi ýaradyjy, bilijidir.

87. Hakykatdan hem, Biz size ýedi tekrarlanyjyny (ýagny, ýedi aýatdan ybarat bolan, her bir rekagat namazda gaýtalanýan "Patyha" süresini) we Ulug Gurhany eda etdik.

88. Siz gözüňizi Biziň ol (dinsizleriň käbir) toparlaryna beren zatlarymyza (ýagny, olaryň, mal-döwletine, şan-şöhratyna) dikmäň! Olaryň (imansyzlyklary) üçin gamgyn hem bolmaň!Möminleri mydama ganatyň astynda saklaň (ýagny, pespäl-mylaýym boluň).

89. We (imansyz kimselere) aýdyň: "Elbetde, men (sizi Allanyň azabynyň düşmeginden) açyk-äşgär gorkuzyjydyryn" (diýip).

90-91. Gurhany bölek-bölek etmegi (isleýän) kimselere (ýagny, Gurhanyň kebir aýatlaryna öz isleglerine garap iman getirip, käbir aýatlaryny bolsa, öz howaýy nebislerine dogry gelmeýäni üçin inkär edýän ýahudy we nasranylara Töwrat we Injil kitaplaryny) inderişimiz ýaly (işbuGurhany inderdik).

92-93. Perwerdigäriň adyna kasam ki, elbetde, olaryň barçasyndan edip öten (erbet) iş-amallary hakynda sorarys.

94. Bes, siziň özüňize buýrulan işi (ýagny, hak dine çagyrmagy) ýüze çykaryň we müşriklerden ýüz öwrüň!

95. Elbetde, Biziň Özümiz - sizi masgara edýänleri (heläk etmek üçin) ýeterlikdiris.

96. Olar Allaga ýene başga ylahy(lary) (şärik) edýärler. Bes, ýakynda (kyýamat gününde bu kylmyşlarynyň akybetini) bilerler.

97. Şek-şübhesiz, Biz olaryň (sizi masagara edip) aýdan sözlerinden ýüregiňiziň gysylýandygyny bilýäris.

98. Bes, siz Perwerdigäriňize alkyş aýtmak bilen (Ony şiriklerinden) päkläň we sejde edýänlerden boluň (şonda Alla ýüregiňizdäki gam-gussany aýrar!).

99.*(Şonuň ýaly) tä size anyk zat (ýagny, ölüm sagady) gelinçä, Perwerdigäriňize ybadat ediň!*

16. BALARY SÜRESI

Bir ýüz ýigrimi sekiz aýatdan ybarat bu süre Mekgede hasyl bolupdyr. Alla tagalanyň ejiz we täsin jandary bolan balary dogrusynda, oňuň göreldeli işi hakynda hekaýat edilýän aýatlaryň orun alandygy üçin ol "Nahl"- "Balary" süresi diýlip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Allanyň permany (ýagny, kyýamat) gelip ýetdi. Bes, siz (eý, möminler) ony howluk- dyrmasaňyz hem bolýar. (Alla) olaryň şeklerinden (siziň şekiňizden) päk we ýokarydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat Mekge müşrikleriniň, pygamber alaýhy-s-salamy masgara edip: "Eý, Muhammet, seniň bizi gorkuzýan kyýamatyň çyn bolsa, hany gelsin, göreliň!" diýenlerinde asmandan inen aýatdyr.

2.(Alla) Öz emri-gudraty bilen Özüniň islän bendelerine perişdeleri (şeýle) wahyý bilen dahyl edýär: "Eý, pygamberlerim, ynsanlary habardar ediň ki, hiç hili ylah ýok, meger, Meniň diňe Özüm bardyryn.

Bes, diňe Menden gorkuň!".

3. Ol asmanlary, Ýeri hak kanun bilen ýaratdy. Ol (müşrikleriň) şeklerinden beýikdir.

4. Ol ynsany bir damjadan ýaradypdy. Indi (ynsan) açykdan-açyk garşydaşa öwrüldi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda gaýtadan dirilmegiň hakdygy açyk delil bilen subut edilýär, ýagny, bir damja suwdan şeýle gözel hulkly (suratly) Adam perzentlerini ýaratmaga kadyr bolan Alla tagala olaryň jansyz jesedine gaýtadan jan bermäge kadyr dälmidir?! Ynsan bolsa, özüniň nämeden ýaradylandygyny unudyp, Ýaradana garşy husymat (iş) edip ýör.

5. Ol (Alla) siz üçin ýyly geýim we dürli ýagşylyklar bolsun diýip, çarwa mallary hem ýaratdy ki, siziň tagam-owkatlaryňyz olardan öner.

6. Olary ýaýlaga (otlamaga) çykaranyňyzda we ýaýlagdan (dynç almaga) getireniňizde, siziň üçin gözellik bardyr.

7. Şonuň bilen birlikde, olar siziň öz janyňyzy gynap, zordan ýetjek ýurtlaryňyza ýüküňizi göterip barar. Elbetde, Perwerdigäriňiz mähriban we rehimlidir.

8. Ol ýene siziň münmegiňiz üçin görkli edip atlary, öküzleri, eşekleri (ýaratdy). Ýene siziň (entek) bilmeýän zatlaryňyzy hem ýaradar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bize döwürdeş tarypçylar şu aýatdaky: "Siziň bilmeýän zatlaryňyzy hem ýaradar" jümläni Gurhan inderilen döwrunde bu zatlar bar bolmandan soň, ylym-bilim döränden soň keşp edilen dürli zatlar diýip düşündirýärler.

9. Dogry ýola (hidaýat etmek-başlamak) ýalňyz Allanyň eradasyndadyr. (Şunlukda, ýollaryň) egrisi hem bardyr. Eger (Alla) islän bolsady, siziň ähliňizi dogry ýola düşürerdi (ýöne Ol size haýsy ýoluň Dogrudygny, haýsy ýoluň egridigini görkezip, ýol saýlamagy özüňize goýdy we akyl-parasat bilen Dogry ýoly tutan bagtly bendelerini Öz isleg-mähri bilen şol hak ýola düşürmegi wada berdi, egri ýoly tutan kimseleriň bolsa, iki dünýäde bagtsyz boljagyny, özlerine zelel edýändiklerini duýdurdy).

10. Ol asmandan size içimlik suwy ýagdyrýandyr. Siziň bakýan (mallaryňyz), ösüm- likler hem şol suwdan içer.

11. Ol (Alla) siziň üçin şol suwuň kömegi bilen (dürli) ekinleri-zeýtun, hurma, üzüm we barça miweleri öndürip-ösdürer. Elbetde, bu zatda (ýagny, şol bir hili suwuň köme-ginde reňňi-roýy,

tagamy-lezzeti aýry-aýry bolan miweleriň önüp-ösüşinde) pikir edýän kowum üçin aýat-ybrat bardyr.

12. Ol siziň (bigam durmuş geçirmegiňiz üçin) gije we gündizi, Güni we Aýy (bir tertibe salyp) boýun syndyrdy. (Barça) ýyldyz – saýýaralar hem Onuň emrine boýun syndylar. Elbetde, bu zatda ybrat - aňlatma alýan kowum üçin aýat - görelde bardyr.

13. Ýene Ol siziň üçin ýerde ýaradan reňbe-reň zatlaryny (ýagny, haýwanat we ösümlik älemini, ýerasty we ýerüsti baýlyklaryny hem size tabyn etdi). Elbetde, munda ybrat-ýatlatma alýan kowum üçin aýat-ybrat bardyr.

14. Ol siziň täze et (balyk etini) iýmegiňiz üçin we dakynylýan şaýlary çykaryp almagyňyz üçin (size) deňizi hem boýun egdirip goýandyr. Siz onda (suwy) ýaryp barýan gämileri görersiňiz. Onuň fazly-merhemetinden (gündelik rysk) islemegiňiz we (beren nygmatlaryna) şükür etmegiňiz üçin (size deňizleri boýun syndyryp goýdy).

15. Ol siz bilen bile çaýkandyrmazlyk üçin ýere daglary berpa (berkidip) goýdy. (Özleriňiz üçin içimlik bolmagy üçin, ekin-dikinleriňizi suwarmagyňyz üçin) derýalary (akdyrdy) we (gözleýän menzilleriňize barmakda) azaşdyrmazlyk üçin ýollary peýda kyldy.

16. We (ol ýollara) belgiler (etdi, ýagny, gije adamlar) ýyldyzlar bilen ýol taparlar.

17.*(Eý, müşrikler) ahyr (ähli möwjüdaty - janly-jansyz zatlary) ýaradyjy - Alla bilen (hiç zat) ýaradyp bilmeýän (butlaryňyz) deňmi?! Oýlanmaýarsyňyzmy?!*

18. Eger Allanyň nygmatlaryny sanasaňyz sanyna ýetip bilmersiňiz. Elbetde, Alla magrypatly, mähribandyr.

19. Alla gizlän zatlaryňyzy hem, äşgär eden zatlaryňyzy hem bilýär.

20.(Müşrikleriň) Allany goýup, çokunýan butlary bir zady hem ýaradyjy daldir, belki, özleri ýaradylandylar.

21.(Olar) jansyz ölülerdir we olar (özlerine çokunýan müşrikleriň) haçan gaýtadan dirilýändiklerini hem bilip bilmeýärler.

22. Allaňyz ýeke-täk Alladyr. Bes, ahyrete iman getirmeýän kimseleriň köňülleri (Allanyň ýeke-täkdigini) inkär edýär, olaryň özleri tekepbir kimselerdir.

23. Şek-şübhe ýok ki, Alla olaryň ýaşyrýan zatlaryny hem, äşgär eden zatlaryny hem biler. Elbetde, Ol tekepbir kimseleri söýmez.

24. Haçan olara: "Perwerdigäriňiz (Muhammet alaýhy-s-salama) nähili zat inderdi?" diýilse, olar (ýaňsylaşyp): "Owal ötenleriň rowaýatlaryny" diýdiler.

25. Olar (bu ýalan sözlerini başga adamlary ýoldan azdyrmak üçin we akybetde) kyýamat gününde özleriniň barça günälerine hem-de özleriniň jahalat bilen ýoldan azdyran kimseleriniň günälerinden hem (bir bölegine) jogapkär bolmak üçin (aýdandyrlar). Ägä boluň kim, olar örän ýaman ýüki (ýagny, günäleri) arkasyna alandyrlar.

26. Olardan ozalky (dinsiz) kimseler hem (öz pygamberlerine, ine, şuňa meňzeş) mekir-hile gurupdylar. Şonda Alla olaryň (guran mekir-hile) binalaryny düýbi-teýkary bilen ýumrup taşlady, bes, olaryň (guran ýalan binasy-durmuş düzgüni) özleri- niň üstüne ýykyldy we olara özleriniň aňmaýan - garaşmaýan tarapyndan azap-heläket geldi.

27. Soňra - kyýamat gününde (Alla) olary ýene ryswa kylar we aýdar: "Meniň "şärik"lerim nirede galdy?! (Eýsem) siz (Meniň, pygamberim bilen şolar dogrusynda) dalaşyp-dartyşyp ýördüňiz-le?!" Şonda

ylym berlenler (ýagny, pygamberler we ulamalar) aýdarlar: "Hakykatdan hem, bu gün bütin ryswalyk we azap-ukubat kapyrlaryň üstüne düşer".

28. Olar (küfr ýoluny saýlanlary sebäpli) öz janlaryna jebir eden ýagdaýlarynda (ajal) perişdeleri olaryň janyny alar. Şonda olar (takdyra) ten berişip: "Biz bir ýamanlygam - günä etmändik" (diýerler). Ýok! Şübhesiz, Alla eden amallaryňyzy bilýändir.

29. Indi öz ebedi galýan jähennem derwezeleriňizden giriň! Tekepbir kimseleriň barar jaýlary nägadar ýaman!

30. Takwalara: "Perwerdigäriňiz (Öz pygamberine) nähili zat inderdi?" diýenlerinde, olar: "Ýagşylygy" diýerler. Gözel amal kylanlar üçin bu dünýäde hem gözel sogap-sylaglar bolar. Emma şek-şübhe ýok ki, ahyret diýary has ýagşydyr. Takwalaryň barar jaýlary nägadar ýagşy!

31. Olar aşagyndan derýalar akyp duran baky jennetlere girerler. Olar üçin onda islän zatlary bolar. Alla takwalary, ine, şeýle sylaýar.

32. Olar (çirkden we isýandan) päk ýagdaýda perişdeler janyny alanda: "Size dynçlyk-amanlyk bolgaý. (Indi) edip öten amallaryňyz sebäli jennete giriň!" diýerler.

33.*(Kapyrlar bolsa) diňe özlerine (ajal) perişdeleriniň gelmegine ýa-da Perwerdigäriň emri-azabynyň gelmegine garaşarlar. Olardan ozal öten (dinsiz) kimseler hem, ine, şeýle edipdiler (ýagny, özlerine gelen pygamberi ýalançy hasap edip, betbagglyga duçar bolupdyrlar). Olara Alla jebir etmedi, belki, olar (özleri) öz janlaryna jebir etdiler.*

34. Bes, eden ýamanlyklary (olaryň) özlerine ýetdi we gülüp, masgara eden zatlary (olaryň) özlerini tutdy.

35. Müşrikler:"Eger Alla islän bolsa, biz (hem), ata-babalarymyz (hem) Ondan özge bir zada ybadat etmezdik we Onuň (hökümi

bolmasa), bir zady-da haram ztmezdik" diýdiler. Olardan ozal geçen (dinsiz)' kimseler hem, ine, şeýle edipdiler (ýagny, öz islegleri bilen küfr ýoluny saýlap, soňra: "Biziň kapyrlygymyza Allanyň özi sebäp" diýip, Allanyň şanyna töhmet ýöňkäpdiler). Pygamberler borjunda (adamlary zorlap dine girizmek däl-de, belki), diňe (Allanyň inderen wahyýsyny), açyk-aýdyň ýetirmek bardyr.

36. Anyk ki, Biz her bir ymmata: "Allaga ybadat ediň we şeýtandan daş boluň" (diýen wahyý bilen) bir pygamber iberendiris. Şonda olaryň (şol ymmatlaryň) arasynda Alla nazar eden ynsanlar hem, şonuň ýaly-da paýyna ýoldan azaşmak düşen kimseler hem bolandyr. Bes, Ýer ýüzüni aýlanyp, (öz pygamberlerini) ýalançy hasap eden kimseleriň akybetle-riniň nähili bolanyny görüň.

37.(Eý, Muhammet), eger siz olara (müşriklere Alla) nazar etmegini juda isleseňiz hem (bilip goýuň), Alla Özüniň ýoldan azdyrýan kimselerine hergiz nazar salmaz we olara medetkär bolmaz.

38. Olar jan-dili bilen: "Alla ölen kişileri gaýtadan diriltmeýär" diýip, Alla adyna kasam içdiler. Ýok! (Elbetde, dirildýär). Bu Onuň hak wadasydyr. Ýöne köp adamlar (bu düýnäniň synag dünýädigini baky ýaşaýyşyň gaýtadan dirileniňden soň bolýandygyny) bilmeýärler.

39. Olara özleriniň şübhelenýän zatlaryny beýan edip (görkezip) bermek üçin hem-de kapyr kimseleriň özleriniň ýalançydygyny bilmek-leri üçin hem (elbetde, Alla ähli halaýygy gaýtadan dirilder).

40. Biz bir zady erada etsek, oňa aýdýan sözümiz: "Bol!" dinmekdir. Bes, şol zat bolar.

41. Zulmy-gynaglara duçar bolanlaryndan soň, Alla ýolunda hijret kylanlary, elbetde, bu dünýäde hem gözel (ýerlere) ýerleşdirýäris. Indi ahyret sylagynyň has ulurakdygyny (adamlar) bilselerdi?!

42. Olar (müşrikleriň ýetiren azar-ezetlerine) sabyr-takat kylan we ýalňyz Perwerdigärine söýenenlerdir.

43.(Eý, Muhammet), Biz sizden (ýagny, sizi pygamber edip iberenimiz-den) ozal hem (perişdeleri däl, belki) diňe (siz kibi) kişileri - ynsanlara Özümiziň inderen wahyýmyz bilen (pygamber edip) iberendiris. (Eý, muşrikler) eger (bu hakda) bilmeýän bolsaňyz, ähli ylymlardan (ýagny, Töwraty we Injili bilýän kişilerden) soraň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat Mekge müşrikleri Muhammet alaýhy-s-salamyň pygamberdigini inkär edişip: "Alla adamzady Öz ilçisi edip ibermeýär. Eger perişde gelip, Men Allanyň ilçisidirin diýen bolsa, iman getirerdik" diýenlerinde hasyl boldy.

44.(Biz owalky pygamberleri) açyk hüjjetler we kitap bilen (iberendiris). Size bolsa, adamlara hasyl edilen zatlary (ýagny, şerigat esaslaryny) beýan edip bermegiňiz üçin we hökman pikir etseler diýip bu ýatlatmany - Gurhany inderdik.

45.(Muhammet alaýhy-s-salamy öldürmek üçin) iň ýaman mekir-hileler eden kimseler özlerini ýer ýuwutjagyndan ýa-da (olara) garaşmadyk taraplaryndan (Allanyň) azabynyň geljeginden hatyrjem boldularmy?!

46. Ýa-da sapar-syýahatlarda ýören çaglarynda, olary (bela-apatlar) tutup, hiç ýere gaçyp gutulyp bilmän galjakdyklaryndan (gorkmadylarmy)?!

47. Ýa-da (eden mekir-hilelериniň akybetinden özleri) gorkup-busup ýören wagtla-rynda, olary (Allanyň belasynyň) tutjagyndan (gorkmadylarmy)?! Hakykatdan hem, Perwerdigäriňiz rehimli we mähribandyr.

48. Ahyr olar Allanyň ýaradan ähli zatlarynyň saýalarynyň sag-sollary na eglip, Allaga sejde edýändiklerini - olaryň (hemmesiniň Alla) boýun synyjydygyny görmedilermi?!

49. Asmanlar we ýerdäki ähli jandarlar we perişdeler hem men-menlik etmän, ýalňyz Alla sejde edýärler.

50. Olar üstlerindäki (olary görüp duran) Perwerdigärinden gorkýarlar we diňe özlerine emr edilen işleri edýärler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky iki aýat sejde aýatlarydyr. Bu Gurhandaky. sejde aýatlarynyň "Syrat" süresindäki 205-nji aýatdan we "Gök gümmürdisi" süresindäki 15-nji aýatdan soň üçünji aýatdyr.

51. Alla: "Iki Taňra bendelik etmäň! Diňe bir ylah bardyr, bolany. Bes, diňe Menden gorkuň!" diýdi.

52. Asmanlardaky ähli zatlar we ýer Onuň mülküdir. Ähli tagat-ybadatyň ýalňyz Oňa (bolmagy lazymdyr). Alladan özgelerden (ýagny, jansyz butlardan ýa-da özüňize meňzeş adamlardan) gorkýarmysyňyz?!

53. Size berlen ähli näz-nygmatlar ýalňyz Allanyňkydyr. Şonuň ýaly, haçan size (bir) bela- musybat ýetse hem, diňe Oňa sygynýarsyňyz.

54-55. Soň Ol sizden belany dep eden-de bolsa, siziň araňyzdan bir topar erksiz çykyp, Biziň olara beren zatlarymyzdan gizlin peýdalanyp, Perwerdigärine şek ýetirýärler. Bes, (Eý, müşrikler, bäş günlük dünýäde Biziň beren nygmatlarymyzdan) peýdalanyp galyň. Ýakynda (ýagny, kyýamat güni bu şekleriňiziň akybetini) bilersiňiz.

56. Olar Biziň rysk edip beren zatlarymyzdan özleri bilmän (ýagny, jahyllyklary, bilimsizlikleri zerarly hudaý hasaplan) butlary üçin nesibe aýyrýarlar. (Eý, müşrikler) Alla adyna kasam ki, elbetde, siz özüňiziň ölçäp-çenäp ýasan butlaryňyz dogrusynda (kyýamat güni) jogapkär bolarsyňyz.

57. Olar: ("Perişdeler Allanyň gyzlary" diýip), ol "gyzlary" Allanyňky edip goýdular. Ol (bu töhmetden päkdir) özleriniň köňülleri islän zady (ýagny, ogullaryny) bolsa, özleriniňki diýdiler.

58. Haçan birewlerine gyz (göreni hakynda) hoşhabar berilse, gazaplanyp, ýüzleri gara bolup gider.

59. We ol (gyzy) horlanan ýagdaýda alyp galmak ýa-da (diriligine) topraga garmak (hakynda munuň ýalylar oý-pikir edip) bu hoşhabar berlen zadyň (ýagny, gyz görmegiň) "ýaman"lygyndan (özüçe uýalyp) adamlardan ýaşyrýar. Ägä boluň, kim, olar (bu kylmyşlary bilen) iň ýaman (ýagny, nähak) höküm çykararlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslam dini gelmezinden ozal, araplarda wagşy bir adat bardy: olar gyz perzent görmegi özlerine namys hasaplap, köplenç bolan gyzy diriligine ýere gömüp goýbererdiler. Muňa sebäp dinsiz-imansyz kişileriň jahalaty we men-menligi bolup, käbir taryhçy ulamalar 6u düzgüni bir waka bilen baglanyşdyrýarlar: uzak geçmişde bütin arap jazirasy (ili) Nugman atly patyşanyň gol astynda bolup, barça tire-taýpalar oňa paç tölär ekenler. Bir ýyl kabylalaryň, biri boýnundaky salgydy tölemekden ýüz öwrende, patyşa esgerlerini sürüp gelip, ol kabylanyň hemme gyz-gelinlerini, ogul-gyzlaryny ýesir alyp gidipdir ws olary öz kabylalaryna gaýtarmak üçin paç tölemegi şert goýupdyr. Bu talaby berjaý edýänçäler, aradan öten möhlet içinde kabyla başynyň gyzy bilen patyşanyň ogly biri-birlerine köňül berip ýetişen eken. Şonuň üçin gyz başgalar bilen bile öz ýurduna gaýtmakdan zl çekipdir. Her hili gorkuzmak, ýalbarmak kär etmänden soň, taýpabaşy-gyzyň atasy duşmana göwün berip, özüni şermende (masgara) eden gyzyna şeýle dereje gaharlanyp, mundan soň gyzy bolsa, diriligine ere gömmäii kasam edipdir. Şondan galyp, bu gabahat adat nesilden-nesle geçip, ýöräp gelipdir we haçanda yslam dini ýüze çykanda, Gurhan bu ýaramaz adaty gadagan edýär.

60. Ahyretde iman getirmeýän kimseler iň ýaman tymsal eýeleridir. Alla bolsa, iň belent tymsal sahybydyr. Ol gudrat we hikmet eýesidir.

61. Eger Alla adamlary (olaryň eden her hili) zulum-zorluklary bilen tutanda, Ýer ýüzünde bir janawery hem goýmazdy. Emma ol olary mälim mütdete çenli saklar. Bes, haçan olaryň ajallary ýetip gelende bolsa, ony (bu ajaly) bir sagat yza hem süýşürip bilmeýär (ony) öňe

hem sürüp bilmez.

62. Olar öz ýaman gören zatlaryny (ýagny, gyz perzentlerini) Allanyňky diýişip, ýene (olaryň) dilleri olar üçin gözel sylag-jennet bolmagy hakynda ýalan sözleri sözleýär. Şek-şübhe ýokdur ki, olar dowzah eýeleridir we, elbetde, olar (dowzaha) birinjiler hatarynda taşlanar.

63.(Eý, Muhammet), Alla adyna kasam ki, hakykatdan hem, Biz sizden ozal öten ymmatlara hem pygamber iberenimizde, şeýtan olara hem özüniň gabahat amallaryny gözel görkezipdi. Çünki, ol bu gün (bu dünýäde) olaryň "dostydyr. (Ahyretde bolsa) olar üçin (anyk) ýowuz azap bardyr.

64. Biz size eýeren we iman getiren kowum üçin rahmet bolan bu Kitaby - Gurhany diňe olara özleriniň şübhelenýän zatlaryny aýan edip bermegiňiz üçin hasyl etdik.

65. Alla asmandan suw (ýagyş) ýagdyryp, onuň kömegi bilen öli ýeri diriltdi. Elbetde, bu işde (wagyz-nesihata) gulak asýan kowum üçin aýat-ybrat bardyr.

66. Ýene-de siz üçin çarwa haýwanlarda hem bir ybrat bardyr: Biz olaryň garynlaryndaky nejasatdan (sowlup geçýän) gan aralaryndan (gelýän) içýänler üçin ýokumly tagam-täze süýt bilen (sizi) gandyrýarys.

67. Siz serhoş ediji (aragy) hem, gözel - halal rysk(yň özüni) hem hurma we üzümleriň miwelerinden alarsyňyz. Elbetde, munda hem akyl ýöredýän kowum üçin aýat-görelde bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu süre hasyl edilen wagtda heniz arak haram edilmändi. Çünki, arak Medinede hasyl bolan "Supra" suresiniň, 90-njy aýatynda haram edilen, bu süre bolsa, hijretden owal Mekgede hasyl bolupdy.

68.(Eý, Muhammet), Perwerdigäriňiz balara wahyý-emr kyldy. "Daglarda, daragt-larda we olaryň gurýan zatlarynda öý gurgun.

69. Soňra dürli miwelerden iýip, Perwerdigäriň (seniň üçin) aňsat-golaý edip goýan ýollaryndan ýörgün!" (diýip). Onuň garnyndan adamlar üçin şypaly (derman) bolan elwan reňkli içimlik çykar. Elbetde, bu işde oýlanýan adamlar üçin aýat-ybrat bardyr.

70. Sizi Alla ýaradandyr. Soňra janyňyzy hem Onuň Özi alar. Siziň araňyzda (ýaşlykdaky gözel durmuşdan garrylyk wagtyndaky) iň ýaman gün görmege (ýagny, öz-özüni oňaryp bilmeýän ýagdaýa) dolandyrylyp, öňki bilýän (gowy) zatlarynyň ählisini unudýan kişiler hem bardyr. (Her bir.işde) elbetde, Alla dana we gudratlydyr

71. Alla birewleriňizi birewleriňizden rysgalda üstün etdi. Bes, bu (ryskda) üstün edilen kişiler özleriniň gol astyndaky gullaryna, deňlik bolar ýaly edip, öz paýlaryny gaýtar- maýarlar. (Şeýle bolansoň, nähili edip hemmäge deň rysky-ruz berýän Alla tagalaga elinden iş gelmeýän butlary barabar görýärler). Eýsem, olar Allanyň rahmetini inkär edýärmikäler?! (Ýagny, Ýaradanyň beren rysgalyny inkär edişip, bu nygmatlary şol jansyz butlar berendir diýip oýlaýarlarmy?!)

72. Alla siziň üçin özüňizden jübütler ýaradyp, jübütleriňizden siziň üçin perzent we agtyk berdi we size halal rysk-nesibe berdi. Indi, olar batyl butlara iman getirip, Allanyň nygmatlaryna kapyr bolýarlarmy?!

73. We Allany goýup, olar üçin asmanlardan we ýerden bir zady hem rysk edip berip bilmeýän, hiç zada kadyr bolmaýan butlara ybadat ederlermi?

74. Bes, Allanyň taýyny gözlemäň. (Onuň taýy ýokdur). Elbetde, Alla (barça zady) bilýär, siz (hiç zady) bilmersiňiz.

75. Alla şeýle bir tymsal getirýär: hiç zada güýji ýetmeýän eýeli (birewe haram) gul bilen Biz tarapdan gözel mal-rysk berlip, şol ryskdan ýaşyryn we äşgäre haýyr-yhsan edýän (erkin) bir kişi barabar bolarmy? (Bes, neçüýn müşrikler gula meňzeýän jansyz butlaryny bütin älemiň eýesi bolan we oňa Özi isleýşiçe täsir edýän Alla tagala deň-şärik diýip hasap edýärler?!) Hamdy-sena (öwgi-alkyş) Alla- nyňkydyr (ýagny, diňe Ol öwgi-alkyşlara ebedi laýykdyr). Ýöne olaryň köpüsi muny bilmeýärler.

76. Alla ýene iki kişi hakynda tymsal getirýär: olaryň biri hiç zada erki ýetmeýän güňdür. Ol eýesine artykmaç ýük bolup, (eýesi) nirä ugratsa-da. bir peýda-da getirmeýär. Şol kimse bilen özi Dogry Ýolda bolan (özgeleri hem) adalata buýran kişi deň bolarmy?! (Hiç haçan! deň bolmaz. Onda näme üçin müşrikler güň-lal butlary ähli älemi Dogry! Ýola ýörmäge buýurýan Alla tagala deň-şärik diýip hasap edýärler?!).

77. Asmanlardaky we ýerdäki gaýyp syrlary (bilmek) Allaga hasdyr. Sagat-kyýamat emri (ýagny, kyýamatyň, kaýym bolmagy) göz açyp-ýumynça, ýa-da ondan-da çaltdyr. Hakykadan, Alla hemme zada kadyrdyr.

78. Alla sizi ene garnyndan hiç zat bilmeýän halyňyzda çykardy şükür etmegiňiz üçin size gulak, göz, kalp berdi.

79. Asman pelekde (uçmak üçin) boýun syndyrylan guşlara bakmaýarlarmy?! Olary ýalňyz Alla saklap dur-a! Elbetde, bu işde iman getirýän kowum üçin aýat-ybrat bardyr.

80. Alla siziň üçin öýleriňizi dynç ýer etdi we siziň üçin çarwa haýwanlaryň derisinden (başga ýere) göçýän günleriňizde we gonýan (göçmeýän) günleriňizde ýeňil göterip gidip bolýan öýleri binýat etdi hem-de (goýunlaryň, düýeleriň) ýüňünden we (geçileriň)

çöpürinden mälim bir wagta çenli peýdalanmaga zerur matalar (ýaratdy).

81. Alla siziň üçin Öz ýaradan zatlaryndan salkyn jaýlar (ýerler) ýaratdy we siziň üçin daglaryň gowaklaryny pena kyldy hem-de siz üçin yssydan-sowukdan goraýan geýimler we (duşmanyň) zeper ýetirmeginden saklaýan sowutlar (ýaratdy). Ol hökman musulman bolarsyňyz diýip, size Öz nygmatyny, ine, şeýle kemally edip berýär.

82.(Eý, Muhammet), eger indi hem olar (sizden) ýüz öwürseler, onda siziň boýnunyzda diňe (hakykaty ine, şeýle) açyk-aýdyň ýetirmek bar, bolany.

83. Olar Allanyň nygmatyny tanarlar we soň ony inkär ederler. Olaryň köpüsi kapyrdyr (ýagny, hiç haçan Alla iman getirmeýärler).

84.(Kyýamat) güni her bir ymmatdan bir güwäni (ýagny, şol ymmatyň pygamberini) getirip goýarys. Soňra (indi) kapyr bolan kimselere (toba etmek üçin) idin berilmez hem-de olardan (Alla razy bolýan amallara) dolanmak hem talap edilmez.

85. Zalym (kapyr) bolan kimseler azaby gören wagtlarynda (ýagny, kyýamat güni) olaryň (azaby) ýeňledilmez we olara möhlet hem berilmez (ýagny, ähli ýagşy amallary ýaşan wagtlarynda öz ygtyýar-islegleri bilen eden kişiler sogap alarlar).

86.(Ol günde) müşrik (köphudaýly) bolan kimseler öz butlaryny gören wagtlarynda: "Perwerdigärim, biz Seni goýup, öz butlarymyza sygynardyk" diýenlerinde, ol (butlar muňa jogap edip); "Siz ýalançysyňyz" diýip söz gatarlar.

87. Olar ol Gün Alla boýun synarlar. Ýasan "hudaý"lary bolsa, olardan gaýyp bolar.

88. Kapyr bolan we (adamlary) Alla ýolundan sowan kimselere bozgunçylyk edenleri sebäpli, azap üstüne azaby zyýat ederis.

89.(Kyýamat güni) her bir ymmat arasyndan özlerinden bolan bir güwäni (ýagny, pygamberi) getirýäris. Seni bolsa, (eý, Muhammet), ana, olara (öz ymmatlaryňa) şaýat edip getirdik we saňa hemme zady beýan edip beriji, dogry ýola başlaýjy, rahmeti we musulmanlar üçin hoşhabar bolan Kitaby-Gurhany hasyl kyldyk.

90. Elbetde, Alla adalata, gözel amallar etmäge we kowum-garyndaşa ýagşylyk etmäge buýurýar hem-de bozuklykdan, ýaman işlerden, ýowuzlykdan gaýtarýar. Ol (Alla tagala) hökman ybrat-görelde, ýatlamalar alarsyňyz diýip, size pent-nesihat eder.

91. Ähti-peýman eden bolsaňyz, Allaga beren ähtiňize wepa ediň! Allany kepil getirip içen kasamlaryňyzy (Allanyň adyny dile alyp) pugta edeniňizden soň, bozmaň! Elbetde, Alla edýän işleriňizi bilýändir.

92. We siz bir millet başga bir milletden (san ýa-da baýlyk tarapdan artyk bolany üçin kasamyňyzy (bozup) aldaw guraly edinip, (ýagny, başga bir gurplyrak we güýçlüräk kowumy tapsaňyz, owalky kasamyňyzdan geçip gidibermek bilen) edil öz dokan zadyny, pugta bolandan soň, bölek-bölek edip, bozup taşlan hatyna meňzemäň! Elbetde, Alla bu (ähte wepa etmäge buýrmak) bilen sizi synap görýär we, elbetde, kyýamat güni size edip öten ýagşy-ýaman işleriňizi beýan edip berer.

93. Eger Alla islände, elbetde, sizi bir ymmat ederdi. Ýöne ol Öz islän kimselerini ýoldan azdyrýar. Öz islän kişilerini (Dogry ýola) ýollaýar. We, elbetde, edip geçen amallaryňyza jogapkär bolarsyňyz.

94. Kasamlaryňyzy aldaw guraly etmäň! Onda (yslam ýolunda) pugta ýer tutan aýak taýyp gider. Alla ýolundan sowulanlaryňyz sebäpli, (çünki siziň kasamdarlyk - ikilik edeniňizi görüp, käbir adamlar Yslama ymtylmaga derek, ondan daşlaşyp giderler)

ýamanlygy dadar- syňyz hem-de (ahyretde) siziň üçin gaty azap bolar.

95. Allaga berlen ähti-peýmany azajyk baha çalşyp ýörmäň! Eger bilseňiz, elbetde, Alla dergahyndaky zat (ýagny, sylag-sogap) siziň üçin (dünýä matasyndan) ýagşydyr.

96. Siziň özüňizdäki zatlar ýok bolar. Alla dergahyndaky zatlar bolsa, bakydyr. We, elbetde, sabyr-kanagat eden ynsanlary özleriniň edip geçen amallaryndan gözel sylag-sogap bilen sylaglarys.

97. Erkekmi ýa aýalmy, kimde-kim, mömin bolan halynda bir ýagşy amal etse, bes, Biz oňa päkize durmuş berýäris we (ony) olary özleriniň edip geçen amallaryndan gözelräk ajyr-sogaplar bilen sylaglaýarys.

98.(Eý, mömin bendäm), her haçan Gurhany kyrat kylsaň (okasaň), elbetde, kowlan melgun-şeýtan (was-wasyn)dan Alladan pena bermegini soragyn!

99. Elbetde, iman getiren we ýalňyz Perwerdigärine töwekgel edýän ynsanlaryň üstünde (şeýtan) üçin hiç hili soltanat - hökmürowanlyk ýokdur.

100. Onuň (şeýtanyň) hökmürowanlygy diňe (ony) dost tutup, (Alla) şärik edýän kimseleriň üstündedir.

101. Haçan Biz bir aýatyň ornuna başga aýaty çalşyrsak, onda, Alla Öz hasyl edýän aýatlaryny örän ýagşy bilýändir - olar (pygambere); "Şek-şübhesiz, sen özüňden goşýarsyň" diýýärler. Ýok! Olaryň köpüsi bilmeýärler!

102.(Eý, Muhammet, olara) onuň (Gurhanyň) Perwerdigäriňiz tarapdan iman getirenleri dogry ýola düşürmek üçin, musulmanlara hidaýat we hoşhabar bolsun diýip, Ruhul-Kuds (Jebraýylyň üsti bilen)

hak-rast hasyl kylnandygyny aýdyň.

103. Biz olaryň: (Gurhany Muhammede) bir adam-a öwredýär "diýenlerini anyk bilýäris. (Emma olaryň bu dawalary puçdur, çünki olara yşarat (üm) edýan kimsäniň dili ajam (ýagny, arap dili däl) bu (Gurhan) bolsa, açyk-aýdyň arabydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Sahabalardan biri ibn Apbas razi-allahu anhu aýdýar: Mekgede Kureýş kabylasyna degişli kişilerden biriniň ajam guly bardy. Pygamber alaýhy-s-salam käwagt onuň bilen sözleşip, oňa yslam düşünjelerinden tälim berýärdi. Muny gören käbir müşrik kureýşliler: "Muhammede Gurhany, ine, şu gul öwretse gerek" diýip, gep ýaýradanlarynda, ýokardaky aýat hasyl boldy.

104. Elbetde, Alla aýatlaryna iman getirmeýän kimselere Alla nazar etmez. Olar üçin agyr azap bardyr.

105. Ýalan sözleri hem diňe Alla aýatlaryna iman getirmeýän kimseler toslaýarlar. Ana, şolaryň özleri ýalançylardyr.

106. Kim Alla iman getirenden soň (ýene dolanyp) kapyr bolsa, (Allanyn, gazabyna duçar bolar). Ýöne kim kalby iman bilen aram tapanda, (küfr kelemesini aýtmaga) mejbur edilse, (onun, imanyna zelel ýetmez). Emma kimiň göwni küfr bilen (ýagny, dinden çykyp, kapyr bolmak bilen) ýazylýan bolsa, bes, onuň ýaly kimselere Alla tarapyn gazap we ulug azap bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat Ammar ibn Ýasir razi-allahu anhu hakynda hasyl bolan. Müşrikler ony ele salyp,Yslam dininden çykmagy talap edýärler we aýylganç azaplar bilen gynaýarlar. Bialaç galandan soň, olaryň butlarynyň birini dile alandan soň, ony goýberýärler. Adamlar arasynda bolsa: "Ammar dinden çykdy" diýen gep ýaýraýar. Ammar pygamber amýhy-s-salamyň ýanyna ylgap, aýdan sözlerine ökünip gelende, pygamber: "Kalbyň näme diýýär" diýip soraýar. Ol: "Kalbym diňe iman bilen aram tapýar" diýip, jogap berýär. Şonda pygamber alaýhy-s-salam: "Saňa näçe gezek zorluk bilen küfr kelemesini aýtdyrsalar-da, hergiz imandan aýrylmansyň" diýipdir. Diýmek, yslam şerigatynyň hökümine

görä, diňe öz ygtyýary, islegi bilen kufr ýoluny tutan kimseler kapyr bolýarlar.

107. Muňa (ýagny, beýle derdi-sütemlere duçar bolmaklaryna) sebäp, olaryň pany dünýäni ahyretden afzal bilendikleridir. Alla bolsa, kapyr kowuma nazar salmaz. (Bes, olar kapyr bolanlary üçin hak ýoly tapyp bilmän, ölüp giderler).

108. Alla onuň ýaly kimseleriň köňüllerini, gulaklaryny we gözlerini möhürläp goýandyr. Olar gapyl kimselerdir.

109. Olaryň ahyretde zyýan görjekdiklerine şek-şübhe ýokdur.

110. Soňra (eý, Muhammet, ýene bilip goýuň), elbetde, Perwerdigäriňiz pitnä duçar bolan, (Mekgeden Medinä) hijret eden, soň Alla ýolunda jihad (söweş) edip, (bu söweş kynçylyklaryna) sabyr-takat edenler üçin (medetkärdir). Elbetde, Perwerdigäriňiz ol (mähnet-kynçylyklary görenlerinden) soň (olar üçin) magrypat ediji, mähribandyr.

111. Her bir janyň diňe özüni pikir etjek we her bir janyň eden amalynyň (sylagyny) doly alýan hem-de olara zulum edilmeýän Güni (ýatlaň).

112. Alla bir şäheri (ýagny, Mekgäni) mysal getirýär: ol rahat, asuda şäherdi, her tarapdan rysky-ruz kemsiz gelip durýardy. Bes, (haçanda) ol (ýagny, onuň ili) Allanyň nygmatyna näşükürlik edende, Alla ol (şäher iline) bu "hünärleri" (küfr işleri) sebäpli, açlyk we närahatlyk belasyny dadyrdy.

113. Hakykatdan, olara özlerinden bolan bir pygamber gelende, ony ýalançy hasaplanlarynda, zalym bolan ýagdaýlarynda (Allanyň azaby tutdy).

114. Bes (eý, möminler), Allanyň size rysk edip beren halal zatlaryndan iýiň we eger Alla ybadat ediji bolsaňyz, Onuň nygmatyna şükür ediň!

115. Ol (Alla) size diňe öli zady, gany, doňuz etini we Alladan özgäge adaglanyp (niýetlenip) soýlan zatlary haram etdi. Indi kim zalym we hetden aşyjy bolman, naçar ýagdaýda galsa, (we şu ýagdaýda mekru zatlardan ölmezlik üçin az mukdarda iýse, günäkär bolmaz). Onda, elbetde, Alla geçirimli, rehimlidir.

116. Allanyň şanyna ýalan ýöňkemek üçin (ýagny, Allanyň buýurmadk hökümlerini Allanyňky diýmek üçin) diliňize gelen ýalan sezi sözlän: "Bu halal, bu haram" diýmäňler! Çünki, Alla şanyna ýalan ýöňkän kimseler hiç najat tapmazlar.

117.*(Beýle kimseler üçin bu pany dünýäde) azajyk peýda bolar. (Ahyretde bolsa) olar üçin alawly azap bardyr.*

118.*(Eý, Muhammet), ýahudy bolan kimselere owal (Engam-Çarwa mallar süresinde) size aýdan zatlarymyzy haram etdik. Biz olara zulum etmedik belki, olar öz-özlerine zulum etdiler.*

119. Soňra (ýene bilip goýuň), elbetde, Perwerdigäriňiz bilmän günä edip, soňra toba eden we özlerini düzeden kişiler üçin, şek-şübhesiz, şol (tobadai) soň, geçirim ediji, mähriban Perwerdigärdir.

120. Elbetde, Ybraýym Allaga boýun synyjy, hak ýoldan dönmedik bir halypa - ymamdy. Ol müşriklerden däldi.

121. Ol (Allanyň) nygmatlaryna şükür edýärdi. (Şu sebäpden Alla) ony (pygamberlige) saýlap, Dogry ýola hidaýat etdi.

122. Biz oňa bu dünýäde gözel (at-abraý) eda etdik (şonuň üçin ähli dinleriň adamlary Ybraýym alaýhy-s-salamyň adyny hormat bilen tutarlar). Elbetde, ol ahyretde hem salyh-ýakynymyzdyr.

123. Soňra (Biz, eý, Muhammet), size hak ýoldan dänmedik Ybraýymyň dinine eýeriň, ol müşriklerden däldi diýip, wahyý iberdik.

124."Şenbe" (ol güni bellemek) diňe ol gün hakynda gyzyklanan kimseleriň (ýahudylaryň) üstüne (parz) edilendir. Elbetde, Perwer-digäriňiz kyýamat güni gyzyklanyp öten zatlary dogrusynda olara (dogry) höküm eder.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýahudylar: "Muhammet Ybraýymyň dinine garşy çykdy. Ybraýym şenbe gününi belleýärdi. Muhammet bolsa juma gününi belgiläp – gözel gün diýýär" diýdiler. Şonda şenbe gününi bellemegiň Ybraýym alaýhy-s-salamyň dininde bolandygy aýdylyp, şu aýat 'hasyl boldy.

125. (Eý, Muhammet), Perwerdigäriňiziň ýoluna, dinine danalyk we gözel pent-nesihat bilen başlaň! Olar (siz bilen dartyşyp-çekişip ýören kimseler) bilen iň gözel ýolda (usulda) pikir alşyň! Elbetde, Perwerdigäriňiziň Özi Öz ýolundan azan kimseleri örän ýagşy bilýär we ol dogry ýol tapýan kimseleri hem ýagşy biler.

126. (Eý, möminler) eger siz (özüňize ýeten haýsy-da bolsa zelel-zähmet) üçin öwez almakçy bolsaňyz, onda diňe size ýetirilen zelel barabarynda öwez alyň. (Emma) eger (öwez alman) sabyr-takat etseňiz, elbetde, sabyr edýän kişiler üçin (bu öwez almakdan) ýagşydyr.

127. (Eý, Muhammet, bu ýolda size ýeten azar-ezetlere) sabyr-takat ediň. Ýalňyz Allanyň kömegi bilen sabyr etmäge kadyr bolarsyňyz. Olaryň (ýagny, müşrikleriň dine girmändikleri) üçin hapa bolmaň. -(We siz) olaryň mekir-hilelerinden gysylmaň hem.

128 Ýaradan Alla takwalar we gözel amallar edýänler bilen biledir.

17. GIJEKI SEÝR SÜRESI

Bir ýüz on bir aýatdan ybarat, Mekgede hasyl edilen bu süre Alla tagalanyň Özüniň soňky pygamberine görkezen "seýr" mugjyzasyny-gudratyny habar bermek bilen başlanýar. Şonuň üçin süre "Al-isra" • "Gijeki seýr" diýip atlandyrylýar.

Bu sürede Beni Ysraýyl kowumy dogrusynda hem söz açylyp, olaryň garşylygy we gozgalaňy hem-de akybetde tapjak bela-beterleri hakda habar berilýär. Şonuň üçin käbir ulamalar ony Beni Ysraýyl süresi diýip hem atlandyrýarlar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Bir gije bendesini (Muhammedi) oňa Öz aýat-mugjyzalarymyzy görkezmek üçin (Mekgedäki) Metjit-al-Hyramdan (Kuddusdaky) töweregini bereketli edip goýan Metjit-al-Aksa seýran etdiren (Alla) hamdy-sena bolsun. Çünki, Ol ähli zady eşidiji, bilijidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu - magraç, ýagny, Allanyň huzuryna göteriliş kyssasy bolup, ol pygamber alaýhy-s-salamyň Medinä hijret etmeginden bir ýyl öň bolan wakadyr. Resulallah aýdýar: "Bir gije Metjit-al-Hyramda ekenim, birden ýanyma Jebraýyl "Byrag" atly atyny idip geldi we meni şol ata mündürip, göge alyp gitdi, Bir demde Kuddus (Iýerusalim) şäherine gelip ýetdik. Bu ýerdäki Metjit-al-Aksada men iki rekagat nefil namazyny okanymdan soň, ýene Byraga münüp, Jebraýyl bilen asmana ýol aldyk. Ýedinji asmana ýetenden soň, Alla tagala maňa we meniň ymmatyma günde bäş wagt namazy parz kylyp, diýdi: "Bir gije-gündizde okalýan bäş wagt namazyň her birine on namaz sogabyny berýärin! Diýmek, bäş wagt namaz okan kişä elli wagt namaz sogaby ýazylar. Şonuň ýaly, bendelerimden kim bir ýagşylyk etmäge azm edip, ony eda edip bilmese, bir sogap, berjaý edip bilse, on sogap eda ederin. Indi kimde-kim bir ýaman işi-günäni kast kylyp, ony amala aşyrmasa, ol kişä günä ýazylmaz, eger şol ýaman niýetini amala aşyrsa, bir günä ýazylar". Perwerdigärimden şu wezipeleri alyp, zemine düşdüm we bir demde özümi Mekgede gördüm".

Rowaýat etmeklerine görä, Pygamber alaýhy-s-salam magraja çykyp gidip barýarka, hüjresini ýapan wagty yrgyldap galan gapy halkasy asmandan gaýdyp gelende hem yrgyldap duran eken.

2,. Biz Musa Kitap (Töwrat) bagyş etdik we ol (Kitaby) Beni Ysraýyl (kowumy) üçin başçy (dessur) kylyp (diýdik): "Siz Menden özgäni wekil (ýagny, ähli ynanyp tabşyrylýan zat) etmäň?.

3.(Eý) Biziň (gark bolmakdan gutaryp), Nuh bilen bile (gämide) göterip, najat beren kişilerimiziň zürýatlary, (siz hem Nuhuň ýoluny tutuň), elbetde, ol hemişe şükür ediji bendedi".

4. Şonuň ýaly, Biz Beni Ysraýyla ol Kitapda: "Siz, elbetde, (Şam) topragynda iki mertebe bozgunçylyk edersiňiz we uly gozgalaňa düşersiňiz" diýip habar berdik.

5. Bes, haçan ol azgynçylyk(lardan) owalkysynyň wagty gelende, Biz siziň üstüňize (kylmyşlaryňyzyň barabarynda jezalandyrmak üçin) güýç-kuwwat eýeleri bolan bende -lerimizi iberdik. Olar (sizi heläk etmek, ýesir almak üçin) howlulary-jaýlary aralap gezdiler. (Bu wada) berjaý kylnyjy wada boldy.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ulamalaryň aýtmagyna görä, Beni Ysraýyl kowumy haramy halal diýip, nähak gan döküp, azgynlyk ýoluna girende, Alla tagala olaryň üstüne Babyl hökümdaryny ýeňiji edip goýýar. Ol öz leşgeri bilen gelip, Beni Ysraýyl kowumynyň ýetmiş müňüsini gylyçdan geçirýär. Jaýlaryny weýran edýär. Bu Allanyň wada eden jezasydy.

6. Soňra (toba-tagsyr edip, özüňizi düzedeniňizden soň) Biz sizi gaýtadan olaryň (Babyl hökümdarynyň) üstüne ýeňiji etdik we size mal-dünýä, bala-çaga bilen medet berip, san-sajagyňyzy köpeltdik.

7. Eger (şundan soň) gözel amallar etseňiz - Özüňize ýagşylyk etdigiňiz bolardy. Eger ýaman amallar (günä) etseňiz hem özüňiz üçindir. Bes, haçan soňky (azgynçylygyň) wagty-sagady gelende, (olaryň ýene) ýüzüňizi gara etmekleri, öňki sapar girişleri ýaly

Metjit (al-Aksa) girip, (ony aýak asty edenleri) üçin (ýene duşmanlaryňyzy siziň üstüňize iberýäris).

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan, Beni Ysraýyl kowumy ýene ýoldan azyp, özlerine iberilen pygamberi ele salandan soň, Alla tagala olaryň üstüne pars magjusylaryny ýeňiji edip, olar Beni Ysraýyl kowumynyň başyna bela ýagdyryp, ýurtlaryny weýran edipdirler.

8.(Eger toba-tagsyr etseňiz) hökman Perwerdigäriňiz size rehim kylsa. Eger ýene (azgynçylyga) gaýtsaňyz, Biz hem (sizi heläkçilige) gaýtararys. Biz kapyrlar üçin jähennemi zyndan edip goýandyrys.

9. Elbetde, bu Gurhan iň dogry ýola hidaýat eder we ýagşy amallar edýän möminlere ulug sylag-sogap barlygynyň hoşhabaryny berer.

10. Şunuň ýaly, ahyrete ynanmaýan kimseler üçin agyr azap taýýarlap goýandy-gymyzyň hem (hoşhabaryny berer).

11. Ynsan (Alla tagaladan) ýagşylyk sorap, doga kylyşy ýaly (käte gyssanan wagtlarynda) ýamanlyk diläp hem doga eder. Ynsan (ine, şeýle) howlukmaçdyr.

12. Biz gijäni we gündizi (Özümiziň gudraty-ylahyýamyzy görkezip durýan) iki alamat- edip goýduk. (Hiç zat) görünmeýän garaňkylygy gijäniň alamaty kyldyk. Gündiz alama tyny bolsa, Perwerdigäriňizden fazly-merhemet (ýagny, rysky-ruz) islemegiňiz üçin hem-de ýyl sanagyny we hasap-kitaby bilmegiňiz üçin ýagtylyk edip goýduk. We Biz ähli zady (rozy ezelde) doly beýan edip goýandyrys (ýagny, dünýädäki bolýan bir iş hem ýa-da waka, hadysa hem öz-özünden däldir).

13. Biz her bir ynsanyň amalyny boýnuna asyp goýandyrys (ýagny, onuň eden her bir amaly iki dünýäde oňa aýrylmaz hemra bolar). Biz Kyýamat güni oňa açyk halda ýüzbe-ýüz bolýan bir kitaby (Namaýy amaly-Amal-namany) çykaryp görkezýäris.

14.(We oňa aýdylar):"Namaýy amalyňy oka! Bu gün öz nebsiň özüňe garşy degerli hasapçydyr".

15. Kim (hidaýat) ýolundan azsa, ol hem öz zyýanyna azar. Her bir göteriji (ýagny, günäkär jan) özge janyň ýüküni (ýagny, günäsini) göter-mez. Biz tä bir pygamber iberýänçäk (onuň üsti bilen Özümiziň emri-permanlarymyzy iberip, günäkäre kömek etmekden el çekýänçäler, bir kimsänem) azaplaýjy däldiris.

16. Biz haçan bir şäheri ýok etmek islesek, onuň beýewanlaryny (Öz iberen pygambermize etagat etmäge) buýrup, (haçanda) olar etagatsyzlyk edenden soň, ol şäheriň (ilatynyň) üstüne Söz (azabynyň düşmegi) wajyp-mukarrar bolar. Onsoň Biz ony weýrana öwüreris.

17. Nuh (kowumyndan) soň hem (ençe) nesilleri heläk etdik. (Eý, Muhammet), Perwerdigäriňiziň Özi bendeleriniň günälerinden ýeterlik habardar, ägädir.

18. Kim nagt dünýä(ni) gözleýän bolsa, Biz (şu dünede olardan) Özümiziň islän kimselerimiz üçin Öz halan zadymyzy nagt edip bereris. Soňra (ýagny, ahyretde) onuň üçin özi äsgerilmeýän we kowga duçar bolýan ýagdaýda girýän jähennemini mekan edip bereris.

19. Kim ahyreti islese we mömin bolup (ahyreti laýyk) görse, (şonuň ugruňda) hereket etse, onda, olaryň hereketleri (Alla nazarynda) makul bolar.

20.(Eý, Muhammet, bu dünýäde adamlaryň) hemmesine, ine, bu (mömin)lere hem, olara (kapyrlara) Perwerdigäriňiziň nygmatyndan eda ederis. Perwer- digäriňiziň nygmaty (hiç kimden gysganylmaz, egsilmezdir).

21.(Bu dünýäde) olaryň birewlerinden birewlerini (rysk babatda) şeýle üstün edenimizi görüň! (Emma) şek-şübhe ýok ki, ahyret ençe esse ulug we afzaldyr.

22. Siz ýene Alla bilen bile özge bir ylah hem bar diýip äsgermezlik edip we mahrum bolup oturmaň!

23. Perwerdigäriňiz ýalňyz Onuň Özüne ybadat etmegiňizi hem-de ata-eneňize ýagşylyk etmegiňizi emr etdi. Eger olaryň (ata-eneňiziň) biri ýa-da ikisi-de seniň gol astyňda garrylyk ýaşyna ýetseler, olara garap "ah" dartma we olaryň (sözlerini) ýykma! Ýagşy söz aýt!

24. Olaryň öňünde mähribanlyk we ylalaşyk ganatyňy pes tut - we: "Perwerdigärim, meni (olaryň) çagalygymdan ösdürip-terbiýeleýişleri ýaly, sen hem olara rehim-şepagat kylgyn" diýip, (olaryň hakyna doga kyl)!

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu iki aýatda ata-ene we perzent arasyndaky mynasybet hakynda söz barýar. Owal-a, Yslam ähli mömin-musulman perzentler üçin ata-enä ýagşylyk etmegi ýalňyz Alla tagala ybadatdan soňky ikinji wezipe edip goýdy. Bu taglymata görä, ata-ene möminmi-kapyrmy, ýamanmy-ýagşymy, barybir, perzendiň olara hormat etmegi, sözlerini ýykmazlygy we olaryň hakyna doga-dileg etmegi wajypdyr. Emma bu aýatda zerur bir nukta bar bolup, biziň ondan gapyl (bolmazlygymyz lazym. Ata-enelik hukugyny gazanmak üçin çaga dogurmagyň özi eterlik bolman. eýsem, olara tälim-terbiýe bermek hem hökmandyr.

25.(Eý, ynsanlar), Perwerdigäriňiz kalbyňyzdaky syrlary örän oňat bilýändir. Eger siz oňat bolsaňyz, (ýagny, ata-eneleriňiziň hukuklaryny saklap, olara mähriban bolsaňyz, elbetde, Alla bilmän eden günäleriňizi geçirer). Çünki, ol toba edýänleriň günäsini geçirýändir.

26.(Eý, Muhammet), kowumy-garyndaşa, garyba we ýolagça (haýyr-yhsan etmek bilen) haklaryny eda etgin we isripçilige ýol bermäň!

27. Çünki, isrip edýänler şeýtanyň dostlary bolan kimselerdir. Şeýtan bolsa, Perwerdigärine bütünleý kapyr bolandyr.

28. Eger siz Perwerdigäriňiz tarapyndan bolýan merhemetden umydygär haly-ňyzda (häzir eliňizde ýoklugy sebäpli haýyr-yhsan etmek alajyny tapman), olardan (ýagny, kowum-garyndaşdan, misginden we ýolagçylardan) ýüz öwren bolsaňyz, onda olara ýumşak söz aýdyň!

29.(Bahyllyk bilen) goluňyzy boýnuňyza-da baglamaň (arkaňyzda ýaşyrmaň. Isrip etmek bilen) ony bütinleý ýazyp hem goýbermäň. Onda melamatda we nedamatda galarsyňyz.

30. Şübhesiz, Perwerdigäriňiz Özi islän kişileriniň ryskyny giň eder we (Özi halan kişileriniň ryskyny) teň (ýeter-ýetmez) eder. Elbetde, Ol bendelerinden habardar, (olary) görüp duryandyr.

31.(Eý, ynsalar), perzentleriňizi ýoksullykdan gorkup öldürmäň - olara hem, size hem Biz Özümiz rysk bereris Olary öldürmek, şek-şübhesiz, uly hatadyr.

32. Zyna golaýlaşmaň! Çünki (bu) bozuklykdyr - iň ýaman ýoldur.

33. Allanyň (öldürmegi) haram eden jany (ýagny, öldürmäge degişli bolmadyk jany nähak) öldürmäň, meger, diňe hak (şerigat kanuny) bilen (öldürmek mümkindir). Kim ki nähak öldürilse, biz onuň warysy (eýesi, hossary) üçin kast almaga hukuk berendiris. Bes, ol (jenaýatçyny) öldürmekde hetden aşmasyn (ýagny, jenaýatkäriň deregine başga birewi öldürmesin, ýa bir kişiniň ýerine iki kişini öldürmesin ýa-da günäkäri öldürende, onuň gulak-burnuny kesmesin)! Diýmek, ol (Alla tarapyi) günäkäriň üstüne) ýeňiji edilendir.

34. Ýetimiň malyna tä ol kämillik ýaşyna ýetýänçä golaýlaşmaň, meger, iň gözel usulda (oňa hiç hili zyýan ýetirmezden golaýlaşyň).

Ähde wepa ediň. Elbetde, ähdi-peýman (kyýamat güni) jogapkärli işdir.

35. Araňyzdaky algy-bergi, söwda-satygda islendik zady ölçäniňizde anyk-doly ediň we düzüw terezide çekiň! Ine, şu iň ýagşy we gözel çözgüt-hökümdir.

36.(Eý, ynsan), öz anyk bilmeýän zadyňa eýerme! Çünki, gulak, göz, kalp – bularyň hemmesi babatda (her bir ynsan) jogapkär bolar (ýagny, eşiden, gören we yňan her bir zady üçin kişi kyýamat güni jogap berýär).

37. Ýer ýüzünde men-menlik bilen ýörmegin! Çünki, sen (aýaklaryň bilen) hergiz ýeri deşip (onuň düýbüne) ýetmersiň we boý belentlikde daglara deňleşip bilmersiň. (Bes, şeýle ejiz halyňda neçüýn men-menlik kylar sen?!)

38. Bularyň (ýagny, ýokardaky aýatlarda gadagan edilen zatlaryň) ählisi Perwer- digäriňiziň alnynda mekruw bolan günälerdir.

39.(Eý, Muhammet), bu (aýatlar) Perwerdigäriňiziň size wahyý eden (inderen) hikmetlerinden käbirleridir. Siz Alla bilen bile ýene başga bir ylah bar diýmäň! Onda melamatlanan we (Alla rahmetinden) kowlan ýagdaýda jähenneme taşlanarsyňyz.

40.(Eý, müşrikler), Perwerdigäriňiz size ogullary saýlap berip, Özüne perişdeleri gyz edindimi?! Hakykatda, siz agyr sözi-uly günäni sözleýärsiňiz!

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat müşrik araplaryň: "Perişdeler Allanyň gyzlarydyr" diýen sözlerini inkär edip, hasyl bolandyr.

41. Elbetde, Biz bu Gurhanda olaryň görelde almagy üçin (dürli tymsal- lary we hikmetleri) beýan etdik. (Ýöne bu ýatlatmalar jahyl bolandyk- lary üçin) olary ýene-de (hakdan) uzaklaşdyrar.

42.(Eý, Muhammet), aýdyň: "Eger olaryň aýdyşlary ýaly (Alla) bilen bile (başga) ylahylar hem bolsady, onda şol ylahylar arşyň eýesine (Allaga) garşy bolardylar" (diýip).

43.(Alla) olaryň aýdan zatlaryndan päk we örän (ýokary) derejede beýikdir.

44. Ýedi asman, Ýer we olardaky bar (jan-zat Allany) päklär. Möwdjit (bar) bolan ähli zat hamdy-sena (alkyş) aýtmak bilen Ony päkleýär. Ýöne siz (eý, ynsanlar) olaryň tesbyh aýdýanyny (ybadat edip, Allany) päkleýişlerini aňlamaýarsyňyz. Hakykatda, Ol helim we magrypatlydyr.

45.(Eý, Muhammet), haçan siz Gurhany kyrat edeniňizde (düşündireniňizde) Biz siz bilen ahyrete ynanmaýan kimseleriň arasynda görünmez perde goýup (çekip-dartyp) goýýarys (bes) olar Gurhanyň manylaryny aňlap bilmezler.

46. Şonuň ýaly, (Gurhany) aňlamazlyklary üçin olaryň kalbynda böwet we gulaklarynda agyrlyk peýda kylýarys. Haçanda siz Gurhanda ýalňyz Perwer- digäriňizi zikr etseňiz (müşrikler) yzlaryna öwrülip gaçýarlar.

47. Biz olaryň size (ýagny, siziň kyratyňyza) gulak asýan wagtlarynda näme sebäpden gulak asýandyklaryny we özara pyşyrdaşyp, zalym kimseleriň (möminlere): "Anyk ki, siz jadylanan, akyldan azaşan kimsä tirkeşýärsiňiz" diýenlerini örän ýagşy bilýäris.

48.(Eý, Muhammet), olaryň siz hakda nähili mysallar getirenini, bes, ýoldan azyp, (hak) ýoly tapyp bilmeýändiklerini görüň!

49. Olar: "Süňke we böleklere (topraga) öwrülip gidenimizden soň, ýene täzeden ýaradylyp, dirilerismi?!" diýdiler.

50-51. Aýdyň: "Siz daş boluň, demir boluň ýa-da göwnüňizde (bolşuny göz öňüne getirmek) örän kyn bolan başga bir mahluk (zat)

boluň, (barybir Alla sizi dirilder)". Heniz olar: "Bizi kim gaýtadan dirildip biler?!" diýýärler. "Sizi ilki bar eden - Ýaradan" diýip aýdyň. Heniz olar: "Ol (gün) haçan bolar?" (diýip soraýarlar) Şonda: "Tiz wagtdan" diýip aýdyň!

52. Onuň sizi çagyrýan Gününde Oňa hamdy-sena bilen jogap berersiňiz we özüňiziň (dünýäde) juda az (mütdet) durandygyňyzy oýlarsyňyz".

53. Bendelerimize aýtgyn ki, olar (özara sözleşenlerinde) iň gözel sözleri sözlesinler. Ýogsa, şeýtan olaryň arasyna bozuklyk salar. Hakykatdan hem, şeýtan ynsana açyk duşmandyr.

54.(Eý, ynsanlar), Perwerdigäriňiz sizi örän ýagşy bilýär. Halasa, size rehim-şepagat eder, halasa, size azap berer. (Eý, Muhammet), Biz sizi (adamlaryň) üstüne goragçy edip iberen däldiris (ýagny, siziň wezipäňiz diňe Biziň emri-permanlarymyzy olara ýetirmekdir).

55. Perwerdigäriňiz asmanlardaky we Ýerdäki bar janly-jandary ýagşy bilýär. Hakykatda, Biz käbir pygamberleri käbirlerinden üstün etdik. Biz Dawuda Zebury berdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat biraz müşrikleriň Muhammet pygamber alaýhy-s-salamyň pygamberdigine ynanman: "Aramyzda näçe-näçe asylza-dalar barka, ine, şu ýetim, aýakýalaňaç Muhammet pygamber bolarmy?" diýenlsrinds inderilendir.

56.(Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň: ("Alladan) özge (ylah) diýip güman eden kimseleriňizi çagyryň! Olar sizden bir zyýany aýryp bilmezler we (sizden başga- lara) öwrüp hem bilmezler.

57. Olaryň (ylah diýip) çokunýan şol kimseleriniň özleri hem Perwer- digäre ýakyn bolmak üçin ýol yzlarlar. Onuň rahmet-merhemetinden umydygär bolarlar, azabyndan gorkarlar. Hakykatdan hem, Perwer-digäriňiziň azaby gorkunçdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Käbir taýpalar perişdeleri, nasranylar Isa pygam-beri, ýahudylar bolsa, Uzaýr pygamberi ylah diýişip, olara sygynýarlar. Şu iki aýat, ana, şolar dogrusynda bolup, olara özleriniň sygynýan kimseleriniň Allanyň ejiz bendeleridigi aýan edilýär.

58.(Ýer ýüzündäki) bar oba-şäheriň (barçasyny) Biz kyýamat güni gelmeg(inden) öň heläk edýändiris, ýa-da gaty azap bilen azaplaýandyrys. Işbu höküm Kitapda - takdyry-ezelde ýazylandyr.

59.(Eý, Muhammet, müşrikleriň sizden talap eden) aýat-mugjyzalaryny ibermekden Bizi diňe owalky ymmatlaryň ol (mugjyzalary) ýalan diýen- leri saklady. Samud kowumyna açyk (mugjyza bolan) düýäni eda edenimizde, ony inkär etdiler (we akybetde gyrlyp gitdiler). Biz mugjyzalary diňe (bendelerimizi bagtsyzlykdan) gorkuzmak üçin iberýäris.

60. Ýatlaň (eý, Muhammet), Biz size Perwerdigäriňiz (barça) adamlary gurşap alandyr diýipdik. Biziň size (magraç gijesinde) görkezen "Düýş"imizi we Gurhanda näletlenen (Zakgum) daragtyny - ol adamlar üçin bir pitne-synag etdik, bolany. Biz (müşrikleri dürli mugjyzalar bilen) gorkuzýarys, emma bu olary beter gapma-garşylyga getirýär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Pygamber alaýhy-s-salam magraçdan gaýdandan soň, ertesi gije özüniň Alla tagalanyň huzuryna çykandygyny we jenneti hem, dowzahy hem öz gözi bilen görendigini aýdyp, şol dowzahyň edil ortasynda Allanyň lagnatyna uçrap, jähenneme düşen kimseler üçin "owkat" bolýan "Zakgum" agajynyň barlygy hakynda habar berende, kureýş kapyrlary: "Sen örän ajaýyp düýş görüpsiň-le, ahyr ot-ýalyn ol agajy, ýandyryp goýbermeýärmi?" diýip, pygamberimizi masgara edip gülüşýärler. Şonda ýokardaky aýat hasyl boldy.

61. Ýatlaň, Biz perişdelere "Adama sejde ediň" diýenimizden, sejdö egildiler. Diňe iblis (kibr-howa, men-menlik bilen): "Seniň palçykdan ýaradan kimsäňe sejde ederinmi?" diýdi.

62. Ol (ýene şeýle) diýdi: "Maňa habar beriň-dä, ine, şu kimsäni menden ýokary kyldyňmy? Kasam ki, eger sen meni Kyýamat gününe çenli (diri) galdyrsaň, elbetde, men onuň zürýadyny gyraryn (ýagny, hak ýoldan azdyryp, bagtsyzlyk ýoluna düşürerin) meger, sähelçesi hak ýolda galarlar".

63.(Alla) aýtdy: "Bar, (saňa Kyýamata çenli ömür berdim). Bes, olardan kim saňa tirkeşse, onda, şek-şübhesiz, jähennem size ýeterlik jeza bolar!

64. Olardan güýjüň ýeten kimsäni owazyň bilen gozga, olaryň üstüne atly we pyýada (leşgeriňi) çek, tapan mal-döwletinde, bala-çagalarynda olara şärik bol(ýagny, haramdan mal-dünýä we bala-çaga artdyrmakda) olara (ýalan) wadalar kyl". Hakykatda, şeýtan olara diňe ýalan zatlary wada berer.

65."Meniň (iman-ygtybarly) bendelerimiň üstünden bolea, seniň üçin Hiç hili hökmürowanlyk bolmaz. Perwerdigäriňiziň Özi ýeterli goraýjydyr".

66. (Eý, ynsanlar), Perwerdigäriňiz Özüniň fazly-merhemetini (rysk-ruzuny) gözläň diýip, siziň üçin deňizde gämileri ýöredip goýandyr. Hakykatdan hem, Ol size mähribandyr.

67. Haçanda deňizde size bir apat ýetse, siziň dileg edýän butlaryňyz gaýyp bolar, diňe Onuň özi galar. Indi, haçan ki, ol (Alla) size najat berip, guruganlyga çykaryp goýandan soň, siz Ondan ýüz öwrersiňiz. Hakykatdan, ynsan küfrany nygmat edijidir (näşükürdir).

68. Ýa (Allanyň) gury ýer bilen bile ýuwutdyrmagyndan, ýa edil üstüňizden daş ýagdyrmagyndan soňra, özüňiz üçin wekil-saklawçy tapyp bilmän galmak gamyndan hatyrjemmisiňiz?!

69. Ýa-da Onuň (Alla tagalanyň) sizi ýene gaýtadan (deňze) gaýtaryp, üstüňize tupan ibermeginden, bes, kapyr bolanyňyz sebäpli, sizi gark etmeginden, soňra özüňiz üçin Bizden öç alyp beriji birewi tapyp bilmän galmak gamyndan hatyrjemmisiňiz?!

70. Hakykatdan hem, Biz adam balalaryny eziz-mähriban kyldyk we olary ýerde-suwda (at ulaga we gämilere) çykaryp goýduk hem-de olara halal zatlardan rysk-ruz (gündelik rysk) berdik we olary Özümiziň ýaradan örän kän jandarlarymyzdan üstün-afzal edip goýduk.

71. Biziň her bir adamy öz namaýy-amaly bilen çagyrýan (Kyýamat) günümizi ýatlaň. Bes, kimiň öz kitaby - namaýy-amaly sag el bilen berilse, ana, şol kişiler özlerine hurma gabygy ýaly hem zulum edilmedik ýagdaýda namaýy-amallaryny okarlar (ýagny, onda bu dünýäde edip öten ähli ýagşy amallarynyň sogaby ýazylgy bolar).

72. Kimde-kim bu dünýäde kör-gümrah bolsa, bes, ol ahyretde hem kör we bütünleý ýoldan azyjydyr.

73. (Eý, Muhammet, müşrikler) sizi Bize garşy (wahyýdan) özge zatlary toslap aýtdyrjak bolup - Biziň size inderen aýatlarymyzdan aldap sowmaga golaýlaşdylar. Ol ýagdaýda (ýagny, olaryň ýol-ýorgutlaryna eýerseňiz), sizi dost tutunardylar.

74. Eger Biz sizi (hak ýolda) gutly gadam etmedik bolsak, siziň olara bir salym maýyl bolmagyňyz ahmaldy.

75. Onda, elbetde, Biz size dünýä (azabyny) hem, ahyret (azabyny) hem iki esse edip dadyrardyk, soňra özüňiz üçin Bize garşy bir medetkär tapyp bilmersiňiz

DÜŞÜNDIRIŞ. Müşrikler pygamber alaýhy-s-salama eýermek üçin onuň hem özleriniň käbir şertlerini kabul etmegini talap edýärler. Şonda Alla tagala Öz pygamberini müşrikleriň pitnesinden ägä edip, ýokardaky

aýatlary hasyl edýär. Söýgili sahabalardan biri-Ibn Apbas razyýaallahu anhunyň aýtmagyna görä, bu aýatlarda pygamber alaýhy-s-salama duýduryş edilen bolsa-da, bular onuň ymmatlary üçin hem temmi bolup, Alla tagala olara kapyrlaryň görkezen ýollaryna eýermezligi buýurýar, bolmasa, ahyretde bagtsyz boljakdyklary dogrusynda duýdurýar.

76. Olar sizi bu ýerden (Mekgeden) çykaryp goýbermek üçin (dürli hile-mekirlikler bilen) ýerden gozgamaklaryna az galdy. Onda olaryň özleri hem sizden soň sähel (wagt) durarlar, bolany, (soňra, elbetde, gurban ediler).

77.(Öz pygamberini kowup çykaran kowumyň heläk edilmegi) sizden öň iberlen pygamberlerden galan ýol-kanundyr. Soň, hergiz, Biziň kanunymyzyň özgerenini görmersiňiz.

78. Gün dogandan tä gije garaňkysyna çenli namazy doly berjaý kylyň we daňdanky (bamdat namazyny) hem (doly eda ediň). Ol daňdankyny okamak (gije we gündiz perişdeleriniň) häzir bolýan namazydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ähli ulamalar şu aýaty her günde bäş wagt namazyň parzdygyna delil-hüjjet diýip kabul edýärler. Çünki, Gün kyýamdan geçende "öýle" namazy okalýar. Adamyň kölegesi öz boýuna iki esse bolandan soň bolsa, "ikindi" wagty girýär. Günüň batmagy bilen "şam" bolsa, gidje garaňkysy düşmegi bilen bolsa, "huftan" wagty girýär. Tün syrylyp, daň başlananda, heniz Gün çykmanka "bamdat" okamak parzdyr.

79. Gijäniň (bir wagty) oýanyp özüňiz üçin nafl (ybadat) bolan namazy okaň! Şaýat ki, Perwerdigäriňiz sizi (kyýamat gününde) öwgüli (ýagny, günäkär ymmatlaryňyzy şepagat edip, aklaýan) görnüşde dirilder.

80. We aýdyň: "Perwerdigärim, meni (gabryma) hak-rast (ýagny, günälerden päk bolan ýagdaýymda) degişli etgin we (kyýamat güni dirildeniňde hem) hak-rast (sag tarapym bilen) çykargyn hem-de meniň üçin Öz dergahyňdan bir medetkär kuwwat bagyş etgin".

81. Ýene aýdyň: "Hakykat (ýagny, Yslam) geldi, batyl (ýagny, küfr) öçüp gitdi. Çünki, batyl (galplyk) ýok bolýan zatdyr".

82. Biz möminler üçin şypa we rahmet bolan Gurhan aýatlaryny hasyl edýäris. (Ýöne bu aýatlar) kapyr kimselere diňe zyýany zyýada kylar.

83. Haçan Biz ynsana (dynçlyk, salamatlyk berip) ynam etsek, ol (şükür etmekden) ýüz öwrüp, beýläk öwrülip gidýär. Haçan oňa (hassalyk, garrylyk ýaly) bir ýamanlyk ýetse, näumyt bolýar.

84. Aýdyň: "Her kim öz ýagdaýy ýetişi ýaly, amal eder. Perwerdigäriňiz dogry ýoldakylary örän ýagşy biler (we her kime eden amalyna görä -anyk sylag, jeza berer).

85.(*Eý, Muhammet*), *sizden ruh-jan hakynda soraýarlar. Aýdyň: "Ruh ýalňyz Perwerdigärimiň bilýän işlerindendir. Size örän az ylym berlendir" (diýip).*

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatda Alla tagalanyň hatda Öz pygamberlerine hem mälim kylmadyk işleriniň bardygy beýan edilip, barça ynsanetiň bnlmegi mümkin bolan bilim-magrypatyň juda az zatdygy tassyklanir,

86. Kasam ki, eger islesek, gürrüňsiz, size wahyý edilen zady – Gurhany (sizden) gidereris, soňra özüňiz üçin (ýagny, Bizden Gurhany, gaýtaryp almak üçin) Bize garşy bir howandar wekilem tapmarsyňyz.

87. Diňe Perwerdigäriňiziň merhemeti bilen (Gurhan nygmaty goluňyzda, kalbyňyzda bakydyr). Hakykatdan, Onuň size bolan merhemeti uludyr.

88. Aýdyň: "Kasam ki, eger bar ynsu-jyns ine, şu Gurhanyň meňzeşini getirmek ýolunda birleşip, bir-birlerine ýardamçy bolsalar-da, onuň, meňzeşini getirip bilmezler" (diýip).

89. Anyk ki, Biz bu Gurhanda adamlar üçin barça tymsal-ybratlary beýan etdik. Emma köp adamlar diňe küfre ymtyldylar.

90. We: "Täki, biz üçin, ine, şu ýeri ýaryp, bir çeşme çykaryp bermeseň, biz saňa hergiz iman getirmeris;

91. Ýa seniň hurmalyk, üzümlik bagyň bolup, onuň arasyny ýaryp, derýalar peýda kylmasaň;

92. Ýa-da özüň dawa edişiň ýaly, asmany üstümize bölek-bölek edip düşürýänçäň, ýa-da Allany we perişdeleri alnymyza getirýänçäň;

93. Ýa-da seniň altyndan bir öýüň bolýança, ýa hut özüň (gözümiziň alnynda) asmana göterilýänçäň (hergiz saňa iman getirmeris). Täki bize okap berýän kitabyň ýaly bir kitap indermeseň, bu (asmana) göterilmegiňe hem hergiz ynanmarys" diýdiler. Aýdyň: "Eý, päk Perwerdigärim! Eýsem, men diňe ilçi-pygamber bolan bir adam dälmi?!".

94. Adamlara hidaýat gelen wagtynda, diňe: "Alla (perişdeleri däl-de) adamzady pygamber edip iberdimi?!" diýen sözleri olary iman getirmekden saklaýar.

95. Aýdyň: "Eger bu - Ýerde (adamlar däl-de) perişdeler mesgen tutup ýören bolsady, elbetde, olara asmandan perişde pygamberi indererdik".

96. Aýdyň: "Meniň bilen siziň araňyzda Allanyň Özi ýeterlik güwädir. Elbetde, Ol bendelerinden habardar we olary görüp durandyr" (diýip).

97. Alla kimi dogry ýola düşürse, bes, şol dogry ýoly tapýandyr. Ol kimi ýoldan azdyrsa, bes, olar üçin Ondan özge dosty-medetkäri tapyp bilmersiňiz. Olary Kyýamat gününde ýüzügara hallarynda kör, lal, ker edip dirilderis. Olaryň barjak jaýlary jähennemdir. Her

haçan (jähennem ody) peselse, Biz onuň alawyny lowladarys.

98. Bu - Biziň aýatlarymyza kapyr bolanlary hem-de: "Süňk we küle öwrülenimizden soň, täzeden dirilerismi?!" diýenleri üçin olara berlen jezadyr.

99. Ahyr olar (kapyrlar) asmanlary we Ýeri ýaradan Allanyň olaryň misilini (gaýtadan) hem ýaratmaga kadyrdygyny bilmedilermi?! (Alla) olar üçin (ýagny, olaryň ölmegi hem dirilmegi üçin) anyk bir mütdeti belgiläp goýandyr. Ýöne zalym kimseler küfrden başga zada razy bolmaýarlar.

100.(Eý, Muhammet, ol müşriklere) aýdyň: "Eger siz Perwerdigärimiň rahmet-rysk hazynalaryna eýe bolsaňyz, şonda hem (ony) ulanmakdan (gutaryp goýmakdan) gorkup, gysgançlyk ederdiňiz. (Çünki) ynsan asly gysgançdyr".

101. Anyk ki, Biz Musaga dokuz aýat-mugjyza bagyş etdik. Soň ol (Firawunyň we onuň adamlarynyň alnyna) gelen wagty, (oňa): "Beni Ysraýyly (öz ýurtlaryna -Şama goýbermegini Firawundan) soragyl" (diýip emr etdik). Şonda Firawun oňa: "Eý, Musa, hiç şek-şübhe ýok ki, men seni jadylanan diýip oýlanýan" diýdi.

102.(Musa) diýdi: "Eý Firawun, sen hol açyk-röwşen (mugjyzalary) diňe asmanlaryň we Ýeriň Perwerdigäriniň hasyl edenini anyk biler sen. Hiç şek-şübhe ýok ki, eý, Firawun, men seni heläk ediliji diýip oýlanýaryn".

103. Şonda (Firawun Musany we onuň kowumyny) kowup çykarmakçy bolanda, Biz ony (Firawuny) we onuň bilen bile bolan kimseleriň hemmesini (deňize) gark etdik.

104.(Firawundan) soň, Beni Ysraýyla: "Ine, şu ýeri (Müsüri) mesgen tutuň. Indi haçan kyýamat-magşar gelende, siziň hemmäňizi (gaýtadan dirildip) getireris" diýdik.

105. Biz (Gurhany) hak-rast hasyl etdik we ol hak (höküm-permanlarymyz) bilen hasyl boldy. (Eý, Muhammet), Biz sizi diňe (möminlere) hoşhabar eltiji we (kapyrlary dowzah azabyndan) gorkuzyjy edip iberdik.

106. Siziň Gurhany adamlara az-azdan okap bermegiňiz üçin Biz ony böleklere böldük we bölüp-bölüp inderdik.

107. Aýdyň: "(Eý, müşrikler), siz (isleseňiz) oňa ynanyň, (isleme-seňiz) ynanmaň. Aslynda (Gurhan indsrilmezinden) öň hem ylym (ýagny, Töwrat) berlen kişiler (Gurhan) tilewat (teswir-düşündiriş, beýan) edilen wagtynda sejde edip, ýüzin ýykylarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat sejde aýaty bolup, ony okan adamyň Alla üçin bir mertebe sejde etmegi wajypdyr.

108. We olar: "Päk Perwerdigärimiz! Elbetde, Perwerdigärimiziň ("Men soňky pygamberimi ibererin we oňa Gurhan indererin" diýen) wadasy eda edilýän wadadyr" diýýärler.

109. Olar aglap, ýüzin ýykylarlar we (Gurhan) olaryň haka ynamlaryny zyýada eder.

110.(Eý, Muhammet), aýdyň: "Alla diýip çagyryň ýa-da Rahman-Mähriban diýip çagyryň, nähili çagyrsaňyz hem Onuň ady gözel atdyr".(Eý, Muhammet), namazy gaty gygyryp hem okamaň (müşrikler eşidip ykarat etmesin), pyşyrdap hem okamaň (täki, sahaba- laryňyz diňläp öwrensinler) şularyň (belent owaz bilen pyşyrdynyň) ortasyndaky ýoly tutuň!

111. "Hamdy-sena (öwgi-alkyş) bala-çaga almadyk, ylahyý şalykda şärigi bolmadyk, hor-zarlykdan (gutaryjy) dosty-ýardamçysy bolmadyk (ýagny, hiç kime garaşsyz) Alla üçindir" diýip aýdyň we Ony mydam beýikläň!

18. GOWAK SÜRESI

Bu süre hem Mekge sürelerinden bolup, bir ýüz on aýatdan ybaratdyr. Sürede adamlaryň Alla tagala bolan iman-ygtykatlaryny mäkämlemek üçin iň gözel, ybratly kyssalardan üçüsi gürrüň berilýär.

Olaryň birinjisi "Eshabyl-Kahf" kyssasy bolup, onda zalym häkimiň süteminden dinu-imanlaryny saklap galmak üçin öz janlaryny pida eden ýigitleriň bir kahfa-gowaga girip, ondan pena tapyp uzak wagt galyşy hakynda hekaýat edilýär. Süräniň "Kahf-Gowak" diýlip atlandyrylmagy-nyň sebäbi hem şudur.

Ikinji kyssa Musa bilen Hyzyr pygamberleriň kyssasy bolup, onda Musa alaýhy-s-salamyň, ylym ýolundaky hereketleri, Hyzyr alaýhy-s-sa-lamyň, başga pygamberlere berilmedik - gaýypdan duýduryş nygmatyna miýesser bolandygy dogrusyndaky habarlar ylahyý galam bilen bei edilýär.

Üçünji kyssada Alla tagalanyň, merhemeti bilen ähli dünýäni öz ygtyýarynda saklamak şanyna eýe bolan adalatlylykda we takwalykda taýsyz hormatly han Zul-karnaýyn hakda, onuň işleri, ýörişleri dogrusynda söz açylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2-3. (Her hili) hamdy-sena (öwgi-alkyş) Alla üçindir. Ol (kapyr-lary) Öz dergahyndan gelýän gaty azapdan gorkuzmak we ýagşy amallar edýän möminlere özleriniň baky galýan gözel sylag - jennet hoşhabaryny bermek üçin - bendesine (Muhammet alaýhy-s-salama) birem egriligi bolmadyk rast Kitaby - Gurhany inderendir.

4-5. Şonuň dek, Ol özleriniň hem, ata-babalarynyň hem asla bilim-magrypaty bolmasa-da, "Allanyň perzendi bar" diýen kimseleri (gaty azapdan) gorkuzmak üçin (şu Kitaby) inderendir.

Olaryň agyzlaryndan çykan söz agyr sözdür. Olar diňe ýalan sözleýärler.

6. (Eý, Muhammet), eger olar şu söze - Gurhana iman getirmeseler, belki, siz olaryň yzyndan hasrat-nedamat bilen özüňizi heläk edersiňiz (beýle etmek size rowa däldir).

7. Elbetde, Biz (bendelerimizden) haýsylarynyň gözel amal edýändiklerini synamak üçin Ýer üstündäki bar zady oňa zynat edip goýduk (ýagny, şol zynatlara aldanyp, magrur bolup, men-menlik edip, öwünmedik kişiler Biziň synagymyzdan geçerler).

8. Hiç şek-şübhesiz, onuň (Ýeriň) üstündäki (bezegleri) gup-gury, tep-tekiz (ösümlik bitmeýän) edip goýýan hem Bizdiris.

9. Belki, siz Kahf(gowak) we Bitik (olaryň kyssalary ýazylan daş) eýeleri (hakyndaky rowaýatdan wakyf bolgaç, bu) Biziň (ahyret, Kyýamatyň hak-rastdygy dogrusyndaky) aýatlarymyzyň iň ajaýyby diýip oýlanansyňyz?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Mufassirleriň (teswirçileriň) ýazyşyna görä, "Es-habul-Kahf" - "Gowak eýelsri"niň kyssasy şeýle bolupdyr: Isa alaýhy-s-salam zamanyndan soň, Rum döwletleriniň birinde Dakonus atly zalym şa döräp, adamlary butlara ybadat etmäge mejbur edip, emre boýun egmeýän adamlary bolsa, öldürer eken. Pursat gelip, pukaralardan birnäçe ýigit onuň permanyndan baş göterip, butlara sygynmaýandyklaryny oňa ýetiripdirler. Patyşa olary köşge çagyryp, bu habaryň çyndygyny ýa ýalandygyny soranda, olar: "Biz ýalňyz Alladan özge bir kimsä ýa-da zada sygynmarys" diýip, jogap berýärler, Şonda patyşa olara: "Siz owadan, ýaş, kuwwatly ýigitler ekeniňiz. Öz janyňyza jebir etmäň. Meniň sizi öldürmäge gözüm gyýanok. Gowusy, ertire çenli oýlanyp görüp, ertir maňa jogabyňyzy aýdyň" diýip, olara rugsat berýär. Ýigitler özara maslahatlaşyp: "Alladan özgä boýun synanymyzdan, şu betbagt diýary terk edenimiz ýagşyrak" diýip, gijäniň tümlüginde şäheri terk edýärler. Ýolda ýaýlagdan geçip barýarkalar, olara şol ýerli bir çopanyň iti hem tirkeşýär. Daňa golaý bir daga baryp, uly gowaga girip gizlenýärler. Ertesi bu wakadan habar

tapan patyşa öz esgerleri bilen olaryň yzyna düşüp, şol gowagyň agzyna golaýlaşanlarynda, esgerler oňa girmäge gorkýarlar. Şonda Dakonus olara gowakdaky ýigitleriň açlykdan we suwsuzlykdan ölmegi üçin gowagyň agzyny beklemegi buýurýar. Ýöne Alla tagala Özüniň sadyk bendelerini heläk bolmakdan saklaýar - olary uzak uka batyrýar. Olar oýananda aradan üç ýüz ýyl geçipdi. Mundan bihabar ýigitler bir ýa-da bir ýarym gün uklandyrys diýip oýlaýarlar we aralaryndan birini ogrynça şähere iýer-içer ýaly zat satyn alyp gelmek üçin iberýärler. Ol ýigit bazara gelip azyk-owkat satyn alyp, ýanyndaky teňňäni uzadanda, satyjy geň galyp: "Bu Dakonusdan galan manat-la, bir ýerden hazyna tapdyňyzmy?" diýip soraýar. Ýigit hem geň galyp: "Hiç ýerden hazyna tapamyzok, bu meniň kowumymyň ulanýan ýönekeý puly diýip jogap berip, Dakonusa näme bolandygyny soraýar. Bu arada ýygnanan adamlar onuň bireýýämler ölüp gidendigini aýdyp, ýigidi patyşanyň ýanyna alyp barýarlar. Bu patyşa mömin, salyh kişidi. Ol ýigitden özüniň we dostlarynyň başyndan geçen wakalary eşidip, esgerleri we şäher ilaty bilen şol gowagyň agzyna barýarlar. Içerdäki ýigitler Dakonus alyp gitmäge geldi diýip oýlanyp, ölmüň öňünden soňky gezek ybadat etmäge başlaýarlar. Patyşa we onuň adamlary gowaga girip, olary ybadat edip duran ýagdaýda görýärler we namazy gutaranlaryndan soň, patyşa ýigitleriň her haýsy bilen aýry-aýralykda gujaklaşyp görşüp, olaryň başyndan geçen bu wakanyň Alla tagalanyň bendelerini Kyýamat güni hasap-kitap etmek üçin gaýtadan dirildýändigini hakdygyna bir aýat-alamatdygyny aýdýar.

10. Ýatlaň, şonda olar gowaga pena yzarlap baryp: "Perwerdigär, bize Öz dergahyňdan rahmet-merhemet eda ztgin we biziň işimizi Özüň düzetgin" diýdiler.

11. Bes, Biz şol gowakda birnäçe ýyl olaryň gulaklaryny ýapyp goýduk (ýagny, uklatdyk).

12. Soňra olaryň arasyndaky näçe uklandyklary hakynda jedelleşen iki toparyň haýsy biriniň turan mütdetlerini (dogry) hasaplanyny bilmek (hakykatty äşgär etmek) üçin olary oýatdyk.

13.*(Eý, Muhammet), Biz size olaryň hal-habaryny rast sözleýendiris, Hakykatdan hem, olar Perwerdigärine iman getiren we imanlaryny*

Özümiziň zyýada eden ýigitlerimizdir.

14Biz olaryň kalblaryny (imanlaryny) kuwwatlandyrdyk - şonda, olar (zalym şanyň garşysynda) durup: "Biziň Perwerdigärimiz asmanlaryň we Ýeriň Perwerdigäridir. Biz ondan özge bir ylaha-da hergnz çokunmarys. Onda nähak sözledigimiz bolar.

15. Ana, ol kowumymyz bolsa, Ondan özgeleri "ylah" edindiler. Olar özleri üçin (şol butlaryň ylahdygy hakynda) bir hüjjet getirselerdi. Bes, Alla şanyna ýalan ýöňkän kimselerden zalym kim bar?!" diýdiler.

16.(Ýigitler!) Diýmek, olardan (müşriklerden) we Alladan özgä olaryň sygynýan zatlaryndan ýüz öwren ekeniňiz, indi gowaga pena isläp baryň. Perwerdigäriňiz size Öz rahmet-merhemetini giň-ýaýraň eder we siziň işleriňizi oňlar.

17. Gün doganda olaryň gowaklarynyň sag tarapyndan ötüp gidenini, batanda bolsa, olardan sol tarapa daşlaşyp gidenini (doganda hem batanda hem olary gyzdyryp, uky-aramlaryny bozman), olaryň bolsa gowagyň töründedigini görer sen. Bu hem Allanyň aýat-mugjyzalaryndan (biridir). Kimi Alla hidaýat etse, bes, ol dogry ýoldan barýandyr, kimi azaşdyrsa, bes, onuň üçin Dogry ýola ýollaýan bir dost hem tapyp bilmer sen.

18. Ukudadyrlar, (gözleri açyk bolany üçin) sen olary oýa diýip oýlarsyň. Biz olary (bedenleriniň ýere degip duran tarapynyň çüýräp gitmezligi üçin) sag tarapa, sol tarapa öwrüp durandyrys. Olaryň itleri bolsa, öň aýaklaryny bosaga uzadyp ýatar. Eger olaryň üstünden gelseň, we gözleri açyk halda o ýana, bu ýana agdarylyp ýatanlaryny görseň), olaryň (ahwalyndan) gorka düşüp, ýüz dönderip gaçyp giderdiň.

19. Özara sowal-jogap alyşmaklary üçin olary (ýigitleri nähili ukladyp goýan bolsak) ana şonuň. ýaly-da oýatdyk. Olaryň biri:

"Näçe möhlet uklap turduň?" diýdi. Olaryň (käbiri): "Bir gün, ýarym gün" diýdi. (Galanlary bolsa): "Näçe (uklap) turanyňyzy ýalňyz Perwerdigäriňiz biler. Indi bir kişini, ine, şu puluňyz bilen şähere iberiň, ol iň gowy, päkize tagamlary saýlap, size ondan rysk-nesibe alyp gelsin, ýöne ätiýaçly gezip, biziň bu ýerdedigimizi hiç kime aňdyrmasyn.

20. Çünki, olar (ýagny, şäher halky) sizden habardar bolsalar, siziň üstüňize daş ýagdyrarlar ýa-da ýene öz dinlerine gaýtararlar we ol ýagdaýda hiç haçan gutulyp bilmeris "diýdi.

21 Şeýle edip, Allanyň (gaýtadan diriltmek hakda) wadasynyň hakdygyny we Kyýamat sagadynyň (gelmeginiň) şek-şübhesizdigini (adamlary gowakdaky ýigitleriň ahwalyndan) habardar etdik. Şonda (ýagny, gowakdaky ýigitleriň ukularyndan oýanyp, adamlar bu gudrata şaýat bolanlaryndan soň, olar ajallary ýetip wepat etgeç) özara olaryň işleri hakynda dalaşyp-dartyşyp başladylar. Bes (käbir kişiler); "Olaryň üstüne öý guruň- Perwerdigär olaryň (haýsy ýerde, nähili halda ýatanlaryny) örän oňat biler" diýdiler. Olar (ýurduň) üstünde hökmürowan bolan (patyşa we köşk emeldarlary bolsa): "Elbetde Biz olaryň (ýagny, Eshabyl-Kahf gabrynyň) üstünde bir metjit gurarys" diýişdiler.

22. Häli olar (ýagny, pygamber alaýhy-s-salama döwürdeş bolan ýahudy we nasranylaryň käbirleri şol Eshabul-Kahfy): "Üçdür, dordünjileri itleridir" diýseler, käbirleri: "Olar bäş bolup, altynjylary itleridir" diýip, gaýyba daş atarlar (anyk bilmeýän zatlary hakynda ýalan gep aýdarlar):Ýene: "Olar ýedidirler, sekizinjisi itleridir" hem diýdiler. (Eý, Muhammet), : "Olaryň sanyny iň ýagşy bilýän Perwerdigärimdir. Olary juda az adam biler" diýiň. Bes, olar (ýagny, dewürdeş kitap eýeleri bilen Eshabul-Kahf) dogrusynda diňe (özüňize inderilen wahyý arkaly) açyk netije-pikir kylyň we (Eshabul-Kahf) hakynda olaryň birindenem pitiwa-sorag soramaň!

23-24. We islendik bir zat hakynda: "Men, elbetde, ertir gelerin" diýmäň, meger, "Enşallah, Alla islese" (diýiň. Bu sözi aýtmagy) unudyp galdyran wagtyňyzda (ýadyňyza düşenden) Perwerdigäriňizi zikr kylyň we: "Şaýat, Perwerdigärim meni mundan hem (ýagny, Eshabul-Kahf wakasy hakynda habar bermekden hem) ýakynrak (meniň hak pygamberdigimi ýagşy delillen- dirýän) Dogry ýola hidaýat kylsa" diýiň!

DÜŞÜNDIRIŞ, Ulamalaryň rowaýat etmegine görä, bu iki aýatyň hasyl bolmagyna aşakdaky waka sebäp bolupdyr: ýahudylar kureýşli araplara: "Baryp Muhammetden soraň hany, eger hakykatdan hem pygamber bolsa, size ruh-jan hakynda "Eshabul-Kahf we Zul-karnaýyn dogrusynda habar bersin" diýen ekenler. Olar gelip, pygamber alaýhy-s-salamdan bu hakda soranlarynda, ol "Ertir geliň, elbetde, size jogap bererin diýipdir-de, "Enşallah" diýmändir. Şonda birnäçe wagt wahyý gelmegi togtap, soňra pygamber alaýhy-s-salama bir temmi bolup, ýokardaky aýatlar inipdir.

25. Olar Kahf gowagynda üç ýüz ýyl boldular we ýene dokuz ýyly hei zyýat kyldylar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat Eshabul-Kahfyň öz gowaklarynda şemsi hasaby bilen üç ýüz ýyl bolandygyny habar berýär. Soňky dokuz ýylyň goşulmagynyň sebäbi kamary hasapdan gelip çykan. Şemsi hasapdan ýüz ýyl kamary hasapda bir ýüz üç ýyla dogry gelýär.

26. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Olaryň näçe durandyklaryny Alla öräi ýagşy bilýändir. Asmanlaryň we Ýeriň syrlary ýalňyz Onuňkydyr. Ol şeýle öňden görüji, eşitgirdir! Adamlar üçin Ondan özge birem dost-medetkär ýokdur. Ol öz hökümine hiç kimi şärik kylmaz" (diýip).

27. (Eý, Muhammet), siz diňe özüňize wahyý edilen Perwerdigäriňiziň Kitaby - Gurhany tilewat ediň! Onuň (Allanyň) sözlerini üýtgediji ýokdur. Hergiz Ondan özge bir pena-da tapyp bilmersiňiz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat kureýş kapyrlarynyň pygamber alaýhy-s-salama "Mundan başga Gurhan getirseň ýa-da onuň aýatlaryny üýtgetseň biz hem saňa iman getirerdik" diýenlerinde hasyl bolandyr.

28. Siz özüňizi gije-gündiz Perwerdigäriň didaryny-razylygyny isläp, Ondan dileg edýänler bilen bile tutuň. Gözüňiz pany dünýäniň zynatlaryny gözläp, olardan ötüp, (özge ähli dünýälere bakmasyn)! We Biziň kalbyny Bizi zikr etmekden gapyl edip goýan, nebsi-howa eýeren we eder işi isripçilik bolan kimselere etagat etmäň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Mekge ulumsylary pygamber alaýhy-s-salama: "Ýanyňdan Bilal, Suhaýb, Gammar, Salman ýaly gullary kowsaň, biz hem saňa tirkeşerdik" diýenlerinde, ol dinsiz kimselere etagat kylmazlygy, gulak salmazlygy, boýun bolmazlygy buýrup, Alla tagala ýokardaky aýaty inderdi.

29. Aýdyň: "(Bu Gurhan) Perwerdigäriňiz tarapyn (gelen) Hakykatdyr. Bes, halan kişi iman getirsin, halamadyk kimse kapyr bolsun" (diýip). Anyk ki, Biz zalym-kapyrlar üçin alawlary orap-çyrmap barýan dowzahy taýýarlap goýandyrys. Eger olar (teşnelik jebrine çydaman) suw sorasalar, eridilen (ýanan) ýag kibi ýüzlerini köýdüriji suw berler. Nägadar ýaman içimlik ol, nägadar ýaman jaý ol!

30. Iman getiren we ýagşy amallar edenleriň bolsa, şek-şübhesiz, • Biz gözel amallar eden (şeýle) kişileriň sogap-sylagyny zaýa kylmarys.

31 Olar üçin aşagyndan derýalar akyp duran ebedi jennetler bolup, olar o taýda altyndan bilezikler bilen bezenerler we ýüpek matalardai bolan lowurdap duran lybaslar geýip, sekilerde ýassanyp otururlar. Nägadar ýagşy sylag ol, nägadar gözel jaý ol!

32. (Eý, Muhammet, kapyrlara) iki kişi (hakyndaky) tymsaly getiriň. Olaryň biri üçin iki üzümli bag edip, ol ikisini hurmalyk bilen gurşalan we aralaryny ekinzarlyk edipdik.

33. Iki bag hem kemsiz bol hasyl berer. Biz olaryň arasyndan ýap geçirdik.

34. Ýene onuň (şol kişiniň) mal-döwleti hem bardy. Bes, ol öwnüp, ýoldaşyna: "Meniň maly-dünýäm seniňkiden köpräk we adamlarym guýç- lüräk, kuwwatlyrak" diýdi.

35. We (kapyrlyk bilen) öz-özüne zulum edip, bagyna (girip) aýtdy: "Bu (bag, mal döwletim) hiç haçan ýok bolmaz.

36. We Kyýamat hem kaýym bolmaz diýip oýlanýaryn. Kasam ki, eger Perwerdigärime gaýtarylsam,(ýagny, Kyýamat kaýym bolup, gaýtadan dirilsem), elbetde, mundan hem ýagşyrak akybeti-bagty tapar men".

37. Ýoldaşy oňa ýüzlenip: "Sen özüňi (aslyzatyň bolan Adamy) toprakdan, soň nutfa - bir damja suwdan ýaradyp, soňra ony ynsan edip rastlan (ýasan) Alla kapyr bolduňmy?!

38. Men bolsa: "Ol - Alla Perwerdigärimdir" (diýýän) we Perwerdigärime hiç kimi şärik etmeýärin.

39. Sen bagyňa giren wagtyňda, "diňe Allanyň islän zady (bolar), bar güýç-kuwwat Alla bilendir" diýsediň! Eger sen meni mal-döwlet we bala-çaga tarapdan kemräk hasap etseň.

40. Şaýat ki, Perwerdigärim maňa seniň bagyňdan ýagşyrak (bir bag) eda eder (seniň bagyňa bolsa), asmandan ýyldyrym iberer, bes, ol tep-tekiz ýere döner.

41. Ýa-da onuň suwy (ýer astyna) siňip gidip, sen ony isläp hem tapyp bilmersiň" diýdi.

42. (Hakykatdan), onuň (şol kimsäniň) bagy-miwesi heläk edildi. Özi bolsa guwlap galan ýerini (görüp) we olara sarp edilen zatlary (ýatlap) çapak çalyp (efsus-nedamat, ahy-zar çekip): "Hany indi men

hem Perwerdigärime hiç kimi şärik etmesem!" diýip galyberdi.

43. Şonuň ýaly, onuň üçin Alladan özge ne bir kömek berýän jemagat boldy we ne özi (özüne) kömek berip bildi.

44. 0 taýda hem (Kyýamat güni) tagt Hak tagalanyňkydyr. Ol iň ýagşy sogap-sylag bagyş ediji we iň haýyrly akybeti berijidir.

45, (Eý, Muhammet, adamlara) pany dünýä mysalyny getiriň: (Ol) göýä bir suw ýalydyr ki, Biz asmandan ýagdyranymyzdan soň, (bir-birine) aralaşyp-çyrmaşyp gider, soňra (durmuş güýzi gelenden soň), şemal uçuryp gidýän çöp-çalamlara öwrülip galar. Alla hemme zada kadyrdyr.

46. Mal-mülk, bala-çaga pany dünýä zynatlarydyr. Perwerdigäriňiziň nazarynda bolsa, (ebedi) galyjy ýagşy amallar sogaply hem arzylydyr (arzuw etmäge arzylyrakdyr).

47. Biziň daglary ýumurjak we siziň (hemmäňiziň) Ýeri açyk – ýalaňaç (dag-daşsyz, bag-bakjasyz) görjek Günüňizi (ýagny, Kyýamaty ýatlaň) ol Günde Biz olardan (degişli bolanlardan) birini hem goýman ýygnadyk

48. Olar hatara duran hallarynda Perwerdigäriňize ýüzbe-ýüz edildiler (we Biz olara aýtdyk): "Ine, sizi owal-başda nähili ýaradan bolsak, şeýle halda (ýagny, maly-dünýä, bala-çagalaryňyzy terk edip, ýalaňaç ýagdaýda) huzuryma geldiňiz. Belki, Bizi size wada berlen Güni (ýagny, Kyýamaty peýda) edip bilmez diýip oýlanansyňyz?!"

49.(Soň her bir kişiniň) amalnamasy (eden işleri ýazylan kitaby) orta goýular. Bes, günäleriň onda (ýazylanlaryndan) gorkup: "Bize heläket bolgaý, bu nähili kitap ki, uly-kiçi (günäni) galdyrman, hemmesini hasaplap, ýazyp goýupdyr" diýişlerini görersiňiz. Olar edip öten amallaryny häziru-näzir taparlar. Perwerdigäriňiz hiç kime zulum etmez.

50. Ýatlaň (Eý, Muhammet), perişdelere Adama tagzym ediň diýenimizden, sejdä egildiler. Diňe iblis (sejde kylmady). Ol jynlardandy. Bes, Perwer- digäriň emrine boýun synmadan baş göterdi. Indi siz (eý, Adam perzentleri) Meni goýup, ony (iblisi) we zürýatlaryny dost tutarmysyňyz?! Olar Size duşman-a! Ol (iblis) zalym kimseler üçin (Allanyň deregine ybadat edilýän) nägadar ýaman "bedel-orunbasardyr".

51. Men olary (iblis we onuň zürýatlaryny) ne asmanlary ýaratmaga, ne-de Ýeri we ne özlerini ýaratmaga şaýat eden däldirin (ýagny, olar Ýeru-asmanlaryň nähili ýaradylanyny hem, özleriniň nähili ýaradylanyny hem asla bilme-ýärler, bularyň hemmesini ýalňyz Özüm ýaradandyryn). Şunuň ýaly, bu ýoldan azdyryjylary (Özüme) kömekçi hem edip almadym (bes, siz nämüçin olara ybadat edýärsiňiz?!)

52. Ol Günde (Kyýamat kaýym bolanda Alla): "Siz Meniň şäriklerim diýip hasaplan (butlaryňyzy) çagyryň:" diýer. Bes, (müşrikler) olary çagyrsalar-da, (olar) jogap berip bilmeýärler. (Çünki) Biz olaryň arasynda bagtsyzlyk-betbagtlyk girdabyny (dowzahy) goýandyrys.

53. Günäkar kimseler dowzahy görüp, özleriniň oňa düşjekdiklerini oýladylar, emma ondan gaçara ýer tapmadylar.

54. Biz bu Gurhanda adamlara (pent-nesihat almaklary üçin) dürli tymsallar getirdik. Hakykatdan hem, ynsan juda köp jedel-jenjy edijidir.

55. Adamlara hidaýat gelen wagtynda, olary iman getirmekden we Perwer-digärden magrypat soramakdan diňe olara ötenleriň sünnetiniň heläket-leriniň gelmegi ýa-da açyk azap gelmegine (garaşmaklary! Kesdi (ýagny, diňe olaryň owalky dinsiz kimselere inen baggsyzlyga ýa azaba laýykdyklary olara mömin bolmagy

gadagan etdi).

56. Biz pygamberleri diňe (möminlere jennet hoşhabaryny eltiji we kapyrlary dowzah azabyndan) gorkuzyjy edip iberýäris. Kapyr bolan kimseler bolsa, batyl (hüjjetler) bilen dartyşyp-çekişip, onuň kömegi bilen haky ýeňmekçi bolýarlar hem-de Meniň aýatlarymy we özlerini gorkuzýan zady (ýagny, ahyret azabyny) masgaralap gülerler.

57. Perwerdigäriň aýatlary bilen pent-nesihat edilenden soň, olardan ýuz öwren, öz edip öten günälerini unudan kimseden hem zalymrak kim bar?! Hakykatda, Biz (Gurhany) aňlamazlyklary üçin olaryň kalblaryny perdeläp, gulaklaryny agyr edip goýduk. Diýmek, siz olary hidaýat-hak ýola çagyrsaňyz hem, hergiz, hidaýat tapmazlar.

58. Perwerdigäriňiz magrypatly, mähir-şepagat sahybydyr. Eger olary (kapyrlary) edei günäleri bilen tutanynda, olara azaby nagt ederdi. Ýok, olar üçin wada edilen bir wagt (Kyýamat) bar ki, (ol wagtda Alladan) özge birem puşty-pena tapmazlar.

59. Ana, şol şäherleri (olaryň ilini, olar) zulum edenden soň, heläket wagtyny anyk belgiläp (ýagny, pygambermize etagat etmeseňiz) heläk bolarsyňyz diýip, heläk etdik.

60. Musanyň (öz hyzmatkär) ýigidine: "Tä iki deňiz goşulýan ýere ýetýänçäler ýa-da uzak döwür gezýänçäler, ýörişden togtamaryn" diýen wagtyny ýatlaň.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ine, şu aýat bilen Musa we Hyzyr pygamber hakyndaky kyssa başlanýar. Rowaýat etmeklerine görä, Musa alaýhy-s-salam Alla tagala mynajat edip: "Bendeleriň arasynda menden ylmy zyýada bolan kişi barmy?" diýip soranda, Alla tagala, "Hawa, Hyzyr senden alymrak" diýip jogap beripdir. Şonda Musa: "Ony niçik yzlap tapar men?" diýende, "Deňiz ýakasyndaky gaýanyň alnyndan tapar sen" diýen jogap bolupdy. "O ýere

nähili barmaly?" diýip soranda, Alla tagala: "Bir balygy sebede salyp ýola çykarsyň. Nirede ony ýitirseň, Hyzyry şol ýerden taparsyň" diýipdir. Şondan soň Musa hyzmatkär ýigide balyk salnan sebedi berip:

"Şu balygy ýitiren ýeriňde maňa aýdarsyň. diýip, ýola düşüpdirler.

61. Indi haçanda ol ikisi (iki deňziň) goşulýan ýerine ýetip, balygy unutdylar. Bes, ol (balyk) deňze tarap ýol saldy.

62. Bes, haçanda (ol ýerden) geçenden soň, (Musa) ýigit: "Ertirligimizi getir, hakykatdan bu saparymyzdan gaty ýadadyk" diýdi.

63. Ol (hyzmatkär) aýtdy: "Muny görüň, biz (deňiz kenaryndaky) gaýa baryp (dynç alan) wagtymyzda, men balygy (oňa jan girip, sebetden çykyp gidenini) unudypdyryn. (Bu wakany size) aýtmagy diňe şeýtan ýadymdan çykardy. Ol (balyk) deňze ajaýyp (duýdurmaýan ýönelişde) ýol saldy".

64.(Musa): "Ine, şu biziň isleýän (gözleýän) ýerimizdir" diýdi. Soň ony (Hyzyry) gözläp yza gaýtdylar.

65. Bes, bendelerimizden bir bendäni tapdylar ki, Biz oňa Öz dergahy-myzdan rahmet (ýagny, pygamberlik) eda edip, Öz huzurymyzdan ylym berdik.

66. Musa oňa: "Saňa bildirilen bilimden maňa hem dogry ýol taglym bermegiň üçin saňa eýerse bolýarmy?" diýdi.

67. Ol (Hyzyr) aýtdy:"Anyk ki, seniň men bilen bile (ylym muşakgatlaryna) sabyr etmäge hergiz takatyň ýetmez.

68.(Aslynda) özüň eýelemedik- habardar bolmadyk zadyňa niçik sabyr edersiň?!"

69.(Musa) aýtdy: "Enşallah, sen meniň sabyr-takatlydygymy görersiň. Men bir işde-de saňa asylyk-etagatsyzlyk etmerin".

70. Ol (Hyzyr) aýtdy: "Bes, eger maňa eýerseň, tä özüm saňa aýdýançam, bir zat hakynda hem menden soramagyn!"

71. Şeýdip, ikisi ýola düşdüler. Baryp bir gämä münenlerinde (Hyzyr gämini) deşip goýdy. (Musa) aýtdy: "Ony adamlary gark etmek üçin deşdiňmi? Örän elhenç iş etdiň-le!".

72. Ol (Hyzyr) diýdi: "Anyk ki, seniň men bilen bile sabyr etmäge hergiz takatyň ýetmez" diýmänmidim?!.

73.*(Musa) aýtdy: "Unudanym üçin meni aýyplamagyl we bu işim üçin meni kynçylyga duçar kylmagyn".*

74. Soň ýene ýola düşdüler. Baryp bir oglana gabat gelenlerinde, (Hyzyr) ony öldürdi. (Muny gören Musa) diýdi: "Birewi öldürmedik bir bigünä jany öldürdiň-le! Hakykatdan, (sen) bozuk iş etdiň!"

75. Ol (Hyzar) diýdi: "Men saňa seniň men bilen bile sabyr etmäge hergiz takatyň ýetmez" diýmänmidim?!

76.*(Musa) diýdi: "Eger mundan beýläk senden islendik bir zat hakynda sorasam, meni özüňe hemra kylmagyl. Çünki, (ol ýagdaýda) men tarapdan ötünji alarsyň, (ýagny, onda meni taşlap gideniň üçin seni aýyplama-synlar)".*

77. Soň (olar) ýene ýola düşdüler. Ahyr bir şäher halkynyň alnyna gelip, olardan tagam-owkat soradylar, olar myhman almakdan baş çekdiler. Soň, şol (ýerde) ýykyljak bolup duran diwary görüp (Hyzyr) ony dikeldip goýdy. (Musa) diýdi: "Eger isleseň, bu işiň üçin hak-heşdek almagyň mümkindi".

78. Ol (Hyzyr) aýtdy: "Ine, şu biziň bir-birekden aýrylyşmagymyza sebäpdir. Indi men saňa sabyr etmäge takatyň ýetmedik zatlaryň beýanynn aýdaýyn.

79. Gämi beýanyna gelsek, ol deňizde işleýän garyp-biçäreleriňkidi. Bes, men ony aýyply edip goýmakçy boldum. (Çünki) olaryň (gämidäkileriň) yzynda ähli bitin gämileri talap alýan bir patyşa bardy.

80. Hälki oglanyň bolsa, ata-enesi möminlerdi. Bes, biz ol (oglan) garşylyk we küfr bilen olary (ata-enäni) gynamagyndan, olaryň bolsa, ol gynaga çydamazlygyndan gorkduk.

81. Şu sebäpden, olara Perwerdigäriň ondan päkize, oňa görä mähriban (başga bir çagany) öwezine bermegini isledik.

82. Indi diwar bolsa, şu şäherde iki ýetim oglanyňky bolup, onuň astynda olar üçin bir hazyna bardy. Olaryň atasy ýeräň ýagşy kişidi. Indi Perwerdigär olar kemalata (kämillige) ýetenden soň, Perwerdigäriň rahmet-merhemeti bolmuş hazynany çykaryp almaklaryny erada etdi. Men bu (işleriň birisini hem) öz-özümden etmedim. Ine, şu seniň sabyr etmäge takatyň ýetmedik zatlaryň beýanydyr".

DÜŞÜNDIRIŞ.Pygamberler taryhyndan mälim ki, Musa alaýhy-salam "Kelimullah" - Alla tagala bilen gös-göni, kömekçi-aralykçysyz sözleşiji" diýen ady alandyr. Diýmek, ol Ýaradan bilen sowal-jogap edende, arada hatda perişde hem goşulyşyp bilmändir-bar hakykaty Hak tagalanyň özünden alypdyr. Meger, onuň öz ýanyndan dünýäde menden akyllyrak adam barmyka diýen pikir göwnünden geçen bolsa gerek, ýokardaky aýatlarda zikr edilen kyssada Alla Öz pygamberine duýduryp, göýä şeýle diýýär: "Eger saňa bolup geçen zatlar dogrusynda bilim beren bolsam, bendelerimiň arasynda şeýle bir kişi hem bar ki, oňa indiki boljak zatlaryň bilimini hem bagyş edendirin - ýagny, sen öz ylym-düşünjäň bilen dünýäde halypa - ussat bolmagyň mümkin, emma ol bendäme şägirt bolmaga hem ejizlik edersiň". Bu hekaýa bilen Alla özüniň: "Her bir bilim sahybynyň üstünde ondan-da bilimliräk birew bardyr" diýen aýaty-kerimini ýene-de bir gezek subut edýär. Indi aşakdaky aýatlarda Zul-karnaýyn hakynda hekaýa edilýär. Gadymda ýaşap öten bu hormatly patyşanyň näme sebäpden Zul-karnaýyn - iki şah eýesi diýilip

atlandyrylmagy dogrusynda dürli-dürli rowaýatlar bardyr. Käbirleri onuň kellesinde iki şahy bolan diýseler, başga rowaýatlarda ol iki käkillidi diýilýär. Ýeriň Günbataryna hem Gündogaryna hökmürowanlyk edeni üçin oňa iki şalyk eýesi (iki şah) diýen at berlipdir diýýänler hem bar.

83. (Eý, Muhammet) ýene sizden Zul-karnaýyn hakynda sorarlar. Aýdyň:"Indi men ol hakdaky habary beýan eder men" (diýip).

84. Hakykatdan, Biz oňa (Zul-karnaýyna) Ýerde soltanat-hökmürowanlyk berdik we (gözlän) ähli zadyna ýol açdyk.

85. Bes, ol (owal Günbatara tarap) ýol aldy.

86. Tä (şol barşyna) Gün batýan ýere ýetenden soň, ol Günüň bir laýly (porsy) bulaga batanyny gördi we ol bulagyň, ýanynda bir kowuma uçrady. Biz: "Eý, Zul-karnaýyn, ýa (olary) azaba duçar kylar sen ýa-da olara ýagşy mylakatda bolar sen (bu seniň özüňe bagly)" diýdik.

87. Ol aýtdy: "Zalym bolan kimsä, elbetde, azap bereris. Soňra Perwerdigärine dolandyrylandan soň, Ol (Alla) ony ýene elhenç azap bilen azaplar.

88. Indi iman getirip, ýagşy amallar edene gelsek, onuň üçin ýagşy akybet jennet, sylag bolar. Biz hem oňa ýeňil işler buýrarys".

89. Soňra ol (Gündogara tarap) ýola düşdi.

90. Tä (şol barşyna) Gün dogýan ýere ýetenden soň, onuň (Günüň) bir kowumyň üstüne göterilýändigini gördi ki, Biz olar üçin (Günden goranar ýaly) bir perde-lybas hem etmändik.

91. Edil öňküsi ýaly boldy (ýagny, Zul-karnaýyn bu kowuma hem Günba- tardaky kowuma edişi ýaly ýagşy mylakat etdi). Anyk ki, Biz onuň ähli işlerinden habardardyrys - (ony) öz garamagymyza alandyrys.

92. Soňra ol ýene ýola rowana boldy.

93. Gidip (barşyna) iki dagyň arasyna ýetip gelenden soň, ol (daglaryň aňyrsynda) bir gepini-de aňşyryp bolmaýan kowuma uçrady.

94. Olar: "Eý, Zul-karnaýyn, şek-şübhesiz, (bu daglaryň aňyrsyndaky Ýajuj we Majuj (kabylalary) Ýer ýüzünde bozgaklyk edijilerdir. Biz saňa bir (mukdar) töleg tölesek, biz bilen olaryň arasyna bir böwet gurup berermisiň?!" diýdiler.

95. Ol (Zul-karnaýyn) aýtdy: "Perwerdigärimiň maňa bagyş eden (soltanaty) siziň berjek mal-dünýäňizden ýagşyrakdyr. Bes, siz maňa (mal-dünýä bilen däl, gaýta) güýç-kuwwat bilen kömek ediň, men siz bilen olaryň arasyna bir diwar bina edeýin.

96. Siz maňa demir böleklerini getiriň! Täki (demir bölekleri) iki dag bilen deň bolandan soň, (Zul-karnaýyn: "Körükler bilen) dem uruň diýdi. Bes, (haçan ol demir tirsekleri gyzdyryp) ot bilen (eredip) diýdi: "Maňa eredilen mis (hem) getiriň, ol (demir böleklerіniň üstünden guýar men.

97. Indi olar ol (böwet-diwar) üstüne çykmagy hem, ony deşip geçmegihem başarmazlar".

> 98."*Bu Perwerdigärim tarapyndan bolan bir merhemetdir. Indi haçan Perwerdigärimiň (Ýajuj we Majuj çykar diýip) wada äden wagty gelende, (ýagny, Kyýamat kaýym bolmagy ýakynlanda) Özi ol (diwary) tep-tekiz edip goýar. Perwerdigärimiň wadasy hakdyr" diýdi (ýene) ol.*

99. Ol Günde (Kyýamatda adamlary) biri-birlerine garym-gatym edip goýduk. Sur çalnanda, olaryň ählisini topladyk.

100. Ol Günde kapyrlar üçin jähennemi taýýarlap goýduk.

101. Olaryň gözleri (dünýäde) Meniň ýatlatmalarymdan gapylypdy Olar Meniň (pent-nesihatlarymy) eşitmäge hem kadyr däldiler.

102. Ýa-da kapyr bolan kimseler Meni goýup, bendelerimi dost tutmagy (Özümiň ýaradan perişdelerme ýa-da Isa ýaly pygambere ylah diýip sygynmagy) oýladylarmy?! Şek-şübhesiz, Biz jähennemi kapyrlar düşýän jaý edip goýandyrys.

103. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Size eden işlerinden - amallaryndan iň köp zyýan görjek kimseleriň habaryny bereýinmi?

104. Olar (kapyr bolanlary sebäpli) kylan iş-hereketleri durmuşy dünýäň özünde ýok bolup giden, emma (nadandyklary sebäpli) özlerini ýagşy amal edýändirin diýip hasaplaýan kimselerdir!" (diýip).

105. Olar Perwerdigäriniň aýatlaryny we Oňa (Alla tagala) ýüzbe-ýüz boljagyny inkär edişip, ähli iş-amallary bihuda öten kimselerdir. Bes, Biz Kyýamat gününde olara (edip öten amallary) üçin hiç hili gadyr-gymmat bermeris!

106. Kapyr bolandyklary hem-de Meniň aýatlarymy we pygamberlerimi masgara edendikleri sebäpli, olaryň jezalary şol jähennemdir!

107. Elbetde, iman getirenlere we ýagşy amal eden (ynsanlar) üçin firdöwus baglary menzil bolar.

108. Olar o jaýlarda baky galarlar (başga bir ýere) göçmegi islemezler.

109. Aýdyň: "Eger ähli deňiz Perwerdigärimiň sözleri (ýagny, ylym-hikmetlerini ýazmak) üçin syýa bolsa we ýene şunça syýa getirsek hem, Perwerdigärimiziň sözlerini bitirmekden öň, ol deňizler gutarar!" (diýip).

110. (Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Hiç şek-şübhe ýok, ki, men hem siz ýaly bir adamdyryn. Maňa (siziň) Allaňyzyň ýalňyz Alladygyny Özi wahyý edýändir. Bes, kim Perwerdigärine ýüzbe-ýüz bolmakdan umydygär bolsa, onda ýagşy amallar kylsyn we Perwerdigärine bendelik etmekde bir kimsäni-de (Oňa) şärik kylmasyn!" (diýip).

19. MEREM SÜRESI

Togsan sekiz aýatdan ybarat bu süre Mekgede hasyl bolan. Bu sürede hem pygamberleriň birnäçe kyssasy beýan edilýär. Ilki başda Zakariýa we onuň garran çagy gören perzendi Ýahýa hakynda sözlenip, soňra iň ajaýyp we geň kyssa - Merem we onuň perzendi Isa kyssasy -hekaýat edilýär. Süräniň Merem diýilip atlandyrylmagynyň sebäbi şudur.

Bu sürede rehim-şepagat dogrusynda köp sözleýändigi sebäpli, Alla kelamy ornuna köplenç Rahman - Mähriban sözi goldanylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Kaf, Ha, Ýo, Aýn, Sad.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu sure hem ýokardaky öten we aşakda gelýän käbir süreler ýaly "Hurufi mukattagat", ýagny, manydan üzülen, manysy bize aýan bolmadyk ýalňyz harplar bilen başlanýar.

2.(Eý, Muhammet, bu) Perwerdigäriňiziň Öz bendesi Zakariýa eden merheme- tiniň zikri - kyssasydyr.

3-4. Ýatlaň: ol Perwerdigärine gizlin doga-iltija kylyp (sygynyp) diýipdi: "Perwerdigärim, hakykatdan hem, meniň süňklerim gowşaşdy, garrylykdan saçym agardy. Perwerdigärim, men saňa doga kylyp, (hiç haçan) näumyt bolan däldirin.

5-6. Men yzymda galýan dogan-garyndaşlarymyň (meniň dinimi zaýa edip, unudyp goýbermeklerinden) howatyrdadyryn. Aýalym bolsa dogmadan galandyr. Indi Sen Öz dergahyňdan maňa we (babam) Ýakubyň öýüne mirasdar boljak bir dost (ýagny, perzent) bagyş et we ony (öz nazaryňda) eý görülýän wepaly kişi etgin".

7.(Alla aýtdy): "Eý, Zakariýa, Biz saňa bir perzent hoşhabaryny berýäris, kim, onuň ady Ýahýa bolup, ozal oňa bir (kimsänem) atdaş

eden däldiris".

8.(Zakariýa) diýdi: "Hatynym dogmaz bolsa, özüm-de garrylyga ýeten bolsam, menden nähili perzent bolsun?".

9.(Alla) aýtdy: "Şeýle, Perwerdigäriň aýdýar ki, bu (iş) maňa aňsatdyr. Eýsem, Men öň seni (hem) hiç zat bolmadyk wagtyňda ýaratmanmydym?!"

10."Perwerdigärim, maňa (aýalymyň hamyla bolandygy hakda) bir alamat görkezseň" diýdi ol. (Alla) aýtdy: "Saňa alamat şu ki, sag-salamat bolsaň-da, üç günläp adamlara hiç zat aýdyp (gepläp) bilmersiň".

11. Bes, (Zakriýa) kowumynyň öňüne çykyp, olara ertir-agşam (Alla) alkyş edip, ybadat etmelidigini aýtdy.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, Zakariýa alaýhy-s-salamyň üç güne çenli Töwrat okamakdan başga zada dili aýlanmaýar we ybadathana gelenlere hem ol üm-yşarat bilen pent-nesihat edýär. Soňra wagty-sagady ýetip, Ýahýa alaýhy-s-salam dünýä inenden soň, Alla tagala oňa çagalyk çagynda wahyý iberýär. Aşakdaky aýatlarda şol hakynda söz açylýar.

12.(Biz oňa): "Eý, Ýahýa, Kitaby (ýagny, Töwrady) pugta tut" (diýdik) we oňa çagalyk çagynda hikmet-magrypat bagyş etdik.

13. Ýene oňa Öz dergahymyzdan mähir we päklik (berdik). Ol takwa boldy.

14. Ol ata-enesine mähriban bolup, jebir-sütem ediji (ýa-da) gulak asmaýan (etagatsyz, bihormat) däldi.

15. Oňa doglan gününde hem, wepat edýän gününde hem, gaýtadan dirilýän (kyýamat) gününde hem - dynçlyk, aman-esenlik bolar (ýagny, ol dogluş muşakgatyndan, ölüm azabyndan we kyýamat güni dowzaha düşmek howpundan azatdyr).

16-17. (Eý, Muhammet) şu Kitapda (Gurhanda) Meremi zikr ediň. Ol öz ilinden - maşgalasyndan çete - Gündogar tarapa baryp, olardan gizlenen wagtynda Biz oňa Öz ruhumyzy (ýagny, Jebraýyly) iberdik. Şonda ol (Mereme) büs-bütin adam (görnüşinde) göründi.

18.(Merem oňa): "Men Rahmana (ýagny, Alla), sygynyp, senden pena bermegi soraýan. Eger (Alladan) gorkýan bolsaň, (maňa) zelel ýetirmegin" diýdi.

19.(Jebraýyl) aýtdy: "(Gorkmagyl) men saňa diňe bir päkize ogul bermek üçin (gelen) Perwerdigäriň ilçisidirin, bolany".

20.(Merem) diýdi: "Maňa adam ýanaşmadyk bolsa, ýoldan azan aýal bolmasam, menden nädip ogul bolsun?".

21.(Jebraýyl) aýtdy: "Şeýle, Perwerdigäriň bu (iş) maňa aňsatdyr diýýär. (Ol ýene aýdýar ki), Biz ol (çagany) adamlar üçin aýat-mugjyza (täsinlik) we (olar üçin) Öz tarapymyzdan rahmet nazar edýäris. Bu biten (Allanyň erada eden-buýran) işdir".

22. Bes, (Merem) oňa (Isa) hamyla bolup, onuň bilen bile uzak bir ýere gitdi.

23. Bes, tutgaý azaby ony (Meremi) bir hurma agajynyň (ýanyna) alyp bardy (we ol şahadan aslyşyp gözi aýylyp-çaga dogrup): "Wah, şundan öň ölüp, unudylyp giden bolsadym!" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bibi Merem şol pursatda aç bolup, teşneläp öräп ejizläpdi. Suw ýok, iýmit ýok, haly teňdi.

24. Şonda (hurma agajynyň) aňyrsyndan (Jebraýyl) gygyrdy: "Gamgyn bolma, Perwerdigäriň (aýak) astyňdan bir çeşme akdyrdy.

25.(Ine, şol guran) hurmanyň şahalaryny yralagyn, saňa ter hurmalar gaçar.

26. Indi sen iýip-içgin, şady-horram bolgun. Bes, eger adam görseň (we ol bu çaganyň atasy hakda sorasa), onda: "Men Rahman ýolunda

roza tutmagy äht edendirin, bes, bu gün hiç adam bilen gürleşmerin" diýgin.

27. Soň (Merem çagasyny) göterip kowumyna gelende, olar: "Eý, Merem, sen hiç kimiň etmedik işini etdiň-le!" diýdiler.

28."Eý, Harunyň (gyz) dogany, seniň ataň erbet adam däl, eneň hem bozuk (aýal) däldi-le" diýdiler.

29. Şonda (Merem hiç zat diýmän, çagasyna) yşarat etdi (ýagny, onuň özünden soraň diýdi). Olar aýtdylar: "Sallançakdaky neresse çaga bilen niçik gürleşeris?!"

30.(Şol wagt çagajyk, ýagny, Isa zybana gelip) diýdi: "Men Allanyň bendesidirin. Ol maňa Kitap-Injil bagyş etdi we meni pygamber etdi.

31. Ýene meni nirede bolsam, haýru-bereketli etdi we diri wagtym namaz (okamagy) we zekat (bermegi) emr etdi.

32. Şonuň dek, (Alla) meni eneme mähriban kyldy we meni sütemkär-betbagt kylmady.

33. Maňa doglan günümde hem, wepat eden günümde hem, gaýtadan dirilen günümde hem dynçlyk-amailyk bolar".

34. Olaryň (ýahudy we nasranylaryň) şek-şübhe edýän Meremiň ogly Isa (dogrusyndaky Allanyň) Hak sözi, ine, şudur.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokarda aýdylan we aşakda beýan edilýän aýatlarda Meremiň ogly Isa Alla tagalanyň "Bol!" diýen emri bilen atasyz dünýä gelen bir bendedigi we şonuň barabarynda pygamberdigi dogrusynda Hak tagalanyň hökümi beýan edilýär we Isa hakyndaky "Ol weledi zyna diýýäi ýahudylaryň sözüniň hem, "Ol Hudaýyň ogly" diýýän nasranylaryň sözüniň hem nähakdygy aýdylýar.

35. Alla üçin Özüne çaga almak (edinmek) laýyk däl, Oňa alkyş bolsun! Ol (beýle nogsandan) päkdir. Ol bir iş etmek islese, oňa diňe "Bol!" diýer, bes (ol iş) bolar.

36.(Isa aýtdy):"Elbetde,Alla (meniň) Perwerdigärim we (siziň) Perwerdigäriňiz- dir Oňa bendelik ediň! Ine, şu hak ýoldur".

37. Soň (ýahudy we nasranyý) pyrkalar (Isa barada) iki (agzala) topara bölündiler. Bes, kapyr bolan kimseler Uly Günde (kyýamatda) bagtsyz bolýandyr!

38. Olar Bize gelinýän günde örän (anyk) görýän we eşidýän ýagdaýda gelerler. Ýöne ol zalymlar bu gün açyk zelalatdadyrlar.

39. (Eý, Muhammet), siz olary (ýagny, Mekge müşriklerini) ähli iş bitirilip, (uçmahylar uçmaha, dowzahylar dowzaha höküm edilip) ahy-nala çekjek Günleri bilen - Kyýamat bilen gorkuzyň. (Bu gün) olar gaflatdadyrlar, (şu sebäpden) olar iman getirmeýärler.

40. Şek-şübhesiz, Biz bu Ýere we ondaky bar jandara mirasdar bolýarys (ýagny, ähli janly-jandar geçer, diňe ýalňyz Özümiz galarys). We diňe Bnze dolanarlar.

41.(Eý, Muhammet) şu kitapda (Gurhanda) Ybraýym (kyssasyny) zikr ediň! Hakykatdan hem, ol örän rastgöý pygamberdi.

42. Ýatlaň, ol atasyna: "Eý, ata, sen neçüýn (hiç zady) eşitmeýän, görmeýän we saňa birem peýda getirmeýän buta ybadat kylar sen?.

43. Eý, ata, maňa, hakykatdan hem, saňa gelmedik ylym-magrypat geldi. Bes, sen maňa eýergin, seni hak ýola hidaýat kylar men.

44. Eý, ata, sen şeýtana ybadat-gulluk etmegin. Çünki, şeýtan-Rahmana asy bolandyr.

45. Eý, ata, hakykatdan hem, men saňa Rahman tarapyn azap ýetip, (dowzahda) seniň şeýtana dost bolup galmagyňdan gorkar men" - diýende;

46. (Atasy) aýtdy: "Sen meniň hudaýlarymdan ýüz öwürýärmiň, eý, Ybraýym?! Kasam ki, eger sen (meniň hudaýlaryma sögmekden)

saklanmasaň, elbetde, seniň üstüňe daş ýagdyraryn we (ýa-da) meni bütünleý terk et!".

47. (Ybraýym) diýdi: "Aman bol. Indi Perwerdigärimden (diňe) seni magrypat etmegini sorar men. Şek-şübhesiz, ol maňa mähribandyr.

48. Men sizden hem, siziň Allany goýup, çokunýan butlaryňyzdan hem çetleşer men we (ýalňyz) Perwerdigärime sygynaryn. Perwerdigärime dileg edip, şepagatyndan (siz ýaly) ät bolup galmaryn diýip umyt edýärin"

49. Bes, haçanda (Ybraýym) olardan we olaryň Allany goýup, sygynýan butlaryndan çetle- şende, Biz oňa (perzentlerini) Ishak we Ýakuby hadýa (sowgat, bagyş) etdik we barçalaryny pygamber kyldyk.

50. Şunuň ýaly, olara Öz fazly-merhemetimizden engam berdik we olar üçin rast we gözel alkyşlary (ebedi) kyldyk.

51.*(Eý, Muhammet), işbu Kitapdan Musa (kyssasyny) zikr ediň! Hakykatdan hem, ol saýlanyp alnan ilçi pygamberdi.*

52. Biz oňa Tur (dagynyň) sag ýanyndan nyda kyldyk we ony mynajat eden halynda (Özümize) ýakyn kyldyk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Musa alaýhy-s-salam Madýan şäherinden Musüre tarap ýola düşüp, Alla tagala mynajat edip gidip barýarka, sag tarapyndan Tur dagynda gögeren bir agaçdan owaz gelýär we şol ýerde Alla tagala bilen ýardamçysyz sözleşýär.

53. Biz oňa Öz fazly-merhemetimiz bilen pygamber bolan agasy Haruny hadýa etdik.

54.*(Eý, Muhammet), işbu Kitapdan Ysmaýyl (kyssasyny) zikr kylyň! Hakykatdan hem, ol wadasy rast ilçi pygamberdi.*

55. Ol öz ymmatyny namaza we oraza buýurýardy. Ol Perwerdigäriň nazarynda razy bolnan kişidi.

56. Ýene işbu Kitapdan Idris (kyssasyny) zikr kylyň! Hakykatdan hem, ol juda rastgöý pygamberdi.

57. We Biz ony belent mertebä göterdik.

58. Ana, şol Adam zürýadyndan bolan (Idris kibi), Biz Nuh bilen bile (gämide) göterip, (tupan belasyndan najat beren) kişilerden (ýagny, olaryň perzentlerinden bolan Ybraýym kibi), Ybraýym zürýadyndan bolan (Ysmaýyl, Ishak, Ýakup kibi), Ysraýyl-Ýakup (zürýadyndan bolan Musa, Harun, Zakariýa, Ýahýa we Isa kibi) we Biziň hidaýat kylan we saýlap alan kişilerimizden bolan pygamberlerden ybarat Allanyň engamyna sezewar bolanlara haçan Rahman aýatlary tilewat edilse (beýan edilse, okalsa), sejde edip, ýyglap ýykylarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ.Bu aýat ýene sejde aýaty bolup, ony tilewat edýäne-okaýana hem, diňleýäne hem bir mertebe sejde etmek wajypdyr.

59. Soň olaryň yzyndan namazy zaýa edýän we şöwketparazlyga berilýän kimseler yzbasar boldular (dünýä geldiler). Indi ol (yzbasarlar-orun tutarlar), elbetde, ýamanlyga (ýagny, ýaman jezaga) ýolugarlar.

60. Meger, diňe iman getirip, ýagşy amallar kylanlar (azaba duçar edilmez). Bes, olar jennete girerler we olara birem zulum edilmez.

61. Olar Rahmanyň gaýypda (başgalaryň gözüne görünmän) duran halynda Öz bende -lerine wada kylan baky (ýaşalýan) jennetlere (girerler), Elbetde, Onuň wadasy amala aşýandyr.

62. Ol ýerde (jennetde) olar bir bihuda söz hem eşitmezler, meger (jennet eýeleri tarapyndan) salam (eşiderler, bolany). Ol ýerde olar üçin ertiru-agşam rysklary taýýardyr.

63. Ol - Biziň bendelerimiziň takwa bolanlary üçin miras (mukafat) edilip berlen jennetdir.

64.(Eý, Muhammet), Biz diňe ýalňyz Perwerdigäriňiziň emri-permany bilen hasyl bolýarys. Alnymyzdaky (ahyret) hem, yzymyzdaky (dünýä) hem (dünýä we ahyret) ortasyndaky barça iş-amallar hem ýalňyz Onuňkydyr. (Onuň täsirindedir). Perwerdigäriňiz unudyjy däldir.

65. Ol asmanlaryň, Ýeriň we olaryň arasyndaky ähli zatlaryň eýesidir. Bes, siz Oňa ybadat kylyň we bu ybadatda sabyr-takatly boluň! Onuň deňi-taýyny bilermisiňiz (barmydyr) ?!".

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu iki aýat Jebraýyl alaýhy-s-salamyň sözleridir. Pygamber alaýhy-s-salama bir mütdet wahyý gelmesi galandan soň, ol Jrbraýyldan: "Neçün gelmediň?" diýip soranda, ol Allanyň emri bilen ýokardaky sözleri aýdypdyr.

66.(Kapyr)ynsan:"Ölenimden soň, ýene dirildilip, gabrymdan çykarylarynmy?!" - diýer.

67, Eýsem, şol ynsan Biziň ony ozal hiç närse bolmadyk wagtynda ýaradanymyzy (ýokdan bar edenimizi) ýatlamaýarmy?!

68. Bes, (Eý, Muhammet), Perwerdigäriňize kasam ki, elbetde, Biz olary (ýoldan azdyran) şeýtanlary bilen bile toplarys, soňra (ählisini) jähennem tarapynda dyza çökereris.

69. Soň her bir topardan haýsy kimse Rahmana köpräk asy bolan bolsa, (şony) sogrup alarys (we jähenneme oklarys).

DÜŞÜNDIRIŞ. Ulamalaryň düşündirişine görä, "Rahmana köpräk asy bolanlar halky Hak ýolundan azdyryp, başy berk köçelere äkiden kimselerdir.

70. Hiç şek-şübhe ýokdur ki, Biz Özümiz oňa (jähenneme) girmäge laýyk bolan kimseleri gowy bilýändiris.

71. Sizden (asylardan) her biriňiz oňa (jähenneme) düşersiňiz. (Bu) Perwer-digäriňiziň (emrine görä) wajyp bolan hökümdir.

72. Soň takwa bolanlary (jähennemden) gutararys we zalym kimseleri dyza çöken ýagdaýlarynda galdyrarys.

73. Haçan olara (ynsanlara) açyk-rewşen bolan aýatlarymyz tilewat edilse, kapyr bolan kimseler iman getirenlere: "Haýsy topar ýagşy mertebededir we gözel mejlisdedir?" diýdiler (ýagny, baý, döwletment müşrikler hondanbärsi bolup, pakyr we misgin möminleriň üstünden gülýärdiler).

74. Emma, olardan öň niçema matalary we keşpleri gözel (asy döwletment) bolan öwlatlaryny heläk edendiris!

75. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Kim zelalatda bolsa, bes, Rahman oňa mütdet - ömür bersin. Täki, özlerine (ýagny, ýoldan azanlara) wada kylnan (dünýä) azabyny ýa-da kyýamat kaýym bolşuny gören wagtlarynda, elbetde, kimiň mertebesiniň ýamandygyny, leşgeriniň ejiz -digini bilerler (bilsinler).

76. Alla hak ýolundaky kişilere ýene hidaýaty zyýada kylar. Perwerdigäriňiziň alnynda ebedi galjak ýagşy amallar - sogap jähtinden hem, akybet jähtinden hem artykdyr.

77.(Eý, Muhammet), Biziň aýatlarymyza kapyr bolan we: "Kasam ki, elbetde, (ahyretde hem) maňa mal-mülk hem bala-çaga eda ediler" diýen (bir) kimsäni gördüňizmi?

78. Ol gaýypdan habardar boldumykan ýa-da Rahman dergahyndan ähdi-peýman aldymykan?!

79. Ýok! Elbetde, Biz onuň aýdýan sözüni ýazyp goýarys hem-de onuň üçin azaby zyýada kylarys.

80. Onuň aýdýan (mal-dünýäsine) Biz mirasdar bolarys we ol huzurymyza ýalňyz halda geler.

81. Olar (ýagny, Mekge müşrikleri) Allany goýup, özlerine güýç-gudrat bolmagy üçin "hudaý" edindiler - butlara sygyndylar.

82. Ýok! (Kyýamat gününde butlary olara şepagat kylmaz, belki) olaryň eden ybadatlaryny (butlar hem) inkär ederler, we olara (müňkür- müşriklere) garşy duşman bolarlar.

83.*(Eý,Muhammet), Biziň, kapyrlara olary (günä-magsyýata) ugradýan şeýtanlary iberenimizi görmediňizmi?!*

84. Bes, siz olar babatda howlukmaçlyk etmäň (ýagny, neçüýn azaba giriftar bolup galmaýarkalar diýip haýran bolmaň)! Hiç şek-şübhesiz, Biz olaryň (galan aý-günlerini hem, edýän günälerini hem) anyk, hasap-kitap edip duryarys.

85. Biziň takwalary atly (mertebeli) ýagdaýda Rahman dergahyna toplaýan;

86. We jenaýatçy-kapyrlary jähenneme suwa sürülýän süri ýaly (toplap), sürýän Güni (mizi ýatlaň)!

87.*(Ol Günde) diňe Rahman alnynda ähdi-peýman alan (Allany bir bilip, boýunlaryndaky parzlaryny eda eden) kişiler şepagata eýe bolarlar.*

88.*(Müşrikler): "Rahmanyň perzendi bar" diýdiler.*

89.*(Eý, müňkürler), siz şeýle agyr gep aýtdyňyz ki;*

90-91. Onuň - Rahmanyň perzendi bar - diýen (gepiň agyrlygyndan) asmanlar ýarylyp, ýer bölünip, daglar parçalanyp-pytrap gitmäge ýakyn bolar.

92. Rahman üçin çaga edinmek laýyk däldir. (Ol perzende mätäç däl).

93. Asmanlar we Ýerdäki bar janly-jandar (kyýamat gününde) Rahman (huzuryna) boýun sunan halda geler.

94. Ol olary sanap, anyklap (hasaba alyp) goýandyr.

95. Olaryň barçasy kyýamat gününde ýalňyz ýagdaýda Onuň huzuryna gelýändirler.

96. Elbetde, iman getirip, ýagşy amallar edenler üçin Rahman dostlugy (berkarar) eder.

97.(Eý, Muhammet), elbetde, Biz (Gurhan) bilen takwalara hoşhabar bermegiňiz üçin we serkeş kowumlary gorkuzmagyňyz üçin ony siziň diliňize (rowan) aňsat-ýeňil edip goýduk.

98. Biz olardan (ýagny, Mekge müşriklerinden) owal hem ençe (öz pygam- berlerine etagat etmedik) öwlatlaryny heläk edendiris. Siz olardan birini bir görermisiňiz ýa-da owazlaryny eşidermisiňiz?! (Bes, size iman getirmeýän bu kaýsar kowum hem heläk bolup gider, emma Biziň size hasyl eden dinimiz kyýamata çen galar).

20. TAHA SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bu süre bir ýüz otuz bäş aýatdan ybaratdyr.

Bu sürede Alla tagala Özüniň, soňky pygamberi Muhammet alaýhy-s-salama ondan owal öten salaflary - pygamberleri üçin hem Hak ýola çagyrmagyň aňsat bolmandygyny ýatladyp, süräniň esasyny düzýän Musa we Harun pygamberleriň kyssasyny doly beýan edýär.

Süräniň näme sebäpden "Taha" atlandyrylandygy dogrusynda dürli rowaýatlar döräpdir. Olaryň köpüsinde "Taha" - pygamber alaýhy-s-salamyň ismlerinden biridir diýilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ta, Ha.

2.(Eý, Muhammet), Biz size bu Gurhany (siziň) gynalyp, jepa çekmegiňiz üçin däl,

3. Belki, (Alladan) gorkan kişilere pent-nesihat bolmagy üçin hasyl etdik.

4.(Ol) Ýeri we belent asmanlary ýaradanyň tarapyndan hasyl edilendir,

5.(Ol - Alla) Öz arşyny eýelän Rahmandyr.

6. Asmanlardaky, Ýerdäki we olaryň arasyndaky hem-de topragy astyndaky bar zat Onuňkydyr.

7. Eger siz äşgäre gepleseňiz hem (gizlin gepleseňiz hem, Oňa mälimdir). Çünki, Ol syry hem, iň gizlin zady hem bilýär.

8. Alladan özge taňry ýok. Diňe Onuň Özi bardyr. Onuň gözel ismleri (atlary) bardyr.

9.*(Eý, Muhammet), size Musa hakynda habar geldimi?*

10. Ýatlaň, (uzakdan ol) bir ody görüp, ähli iline: "(Şu ýerde) duruň men bir ot gördüm, eger ondan bir çog alyp gelsem ýa-da şol oduň ýanyndan bir ýol (görkeziji) tapsam" - diýdi.

11. Bes, haçanda ol (oduň ýakynyna) gelende, "Eý, Musa!" diýen nyda eşidildi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Musa alaýhy-s-salam öz maşgalasy, ili bilen Madýan şäherinden Müsüre gaýdyp gelýärkäler, bir garaňky, garly gijede ýoldan azaşdylar. Ot ýakaýyn diýseler, çakmak daşy ýananokdy. Şol wagt Musanyň gözüne bir ot görünip, çog almak we şol ýerdäkilerden ýol sorap gelmek üçin şol ýere baranlarynda, ol görünýäniň ýanýan ot däl-de, Allanyň nurudygy mälim bolýar.

12. (Eý, Musa), Men seniň Perwerdigäriňdirin. Indi köwşüňi çykargyn. Çünki, sen mukaddes Tuwa jülgesindesiň.

13. Men seni (pygamberlige) saýladym. Bes, (özüňe) iberilen wahyýa gulak tut!

14. Hakykatdan hem, Men Alladyryn. (Hiç hili) ylah ýok, diňe Men bardyryn. Bes, sen Maňa ybadat kyl we Meni zikr kylmak üçin namazy doly eda et!

15. Täki her bir janyň kylan işi-hereketi sebäpli jezalanmagy üçin (kyýamat) sagady gelýändir. (Emma) Men (kyýamatyň haçan kaýym boljagyny) ýaşyrmagy (gizlin saklamagy) isleýärin.

16. Bes, seni (kyýamata) ynanmaýan we nebsi-howa eýeren kimseler ondan (bu ýoldan) tesmesinler ki, ol halda heläk bolarsyň.

17. "Goluňdaky nämedir, Musa?"

18. (Musa) diýdi: "Bu (meniň) hasam, oňa daýanýaryn we onuň bilen goýunlaryma (ýaprak) kakyp beräýärin. Ýene onuň bilen (edýän)

başga işlerim hem bar".

19. (Alla) aýtdy: "Ony (ýere) taşlagyn, eý, Musa!".

20. Bes, (Musa) ony taşlady, ol öz-özünden janly ýylan boldy.

21. (Alla) diýdi: "Ony tutgun! Gorkmagyn, Biz ony owalky halyna getireris.

22. Goluňy ganatyňa-goltugyňa salgyn, ol (goluň) hiç hili zyýan zähmetsiz ap-ak nurly bolup çykar. (Bu) ikinji mugjyza (bolar).

23. Biz saňa beýik mugjyzalarymyzy görkezmek üçin (şeýle etdik).

24. (Indi) sen Firawunyň ýanyna bar! Hakykatdan hem, ol hetdinden aşdy (ýagny, adamlara zulum edip, hatda men hudaý diýip dawalaşdy)".

25. (Musa) diýdi: "Perwerdigärim, kalbymny giň kylgyn.

26. Işimni asan kylgyn;

27. Dilimden düwüni - sakawlygy aýryp goýber.

28. (Täki) olar (kowumym) sözüm aňlasynlar.

29-30. Maňa öz maşgalamdan-urugymdan bolan Harun agamy wezir kylgyn.

31. Onuň bilen bilime kuwwat bergin.

32. We ony işimde (ýagny, pygamberlik işinde maňa) şärik kylgyn.

33. Täki biz Seni köp-köp päkläp, ybadat edeli,

34. We Seni köp-köp zikr kylyp, ýatlaly.

35. Elbetde, Sen bizi görüp durujysyň".

36 *(Alla) aýtdy: "Soran zatlaryň saňa eda edildi, eý, Musa!*

37. Biz saňa (öň, çagalyk wagtyňda hem) ýene bir kerre engam-merhemet edipdik.

38. Şonda seniň eneňe (şeýle) wahyý-ylham iberipdik:

39."*Ony (ýagny, Musany) sandyga salyp, derýa taşlagyn. Goý, ony derýa (tolkuny) kenara zyňsyn. (Şonda) ony Meniň hem, onuň hem duşmany - Firawun tutup, alar*". (*Eý, Musa*) *barçaga söýgüli bolmagyň we Meniň hemaýatymda önüp-ösmegiň üçin Men seniň üstüňe Öz tarapymdan bir muhabbet taşladym (ýagny, seni gören adam gowy görýän ýakymly çaga bolduň).*

40. Şonda daýzaň (seni derýadan çykaran kişileriň yzyndan) ýöräp, "Sizi bu (çaga)ga kepil bolup (emdirýän aýalyň) ýanyna alyp baraýynmy?" diýenini ýatlaň! Soň, Biz seni gözleri guwansyn, gamgyn bolmasyn diýip (ýene) eneňe gaýtarypdyk. (Soň) Biz seni köp synaglar bilen synap gördük (Ýigit çagyňda) bir jany öldüreniňde, Biz seni bu gamdan hem gutarypdyk. Sen Madýan iliniň arasynda hem (ençe) ýyllar durduň, soňra (pygamberlik anyk belgilenip goýlan) takdyr bolup (bu ýere) geldiň, eý, Musa!

41. We Men seni Özüme (pygamberlik) üçin saýladym".

DÜŞÜNDIRIŞ.Ýokardaky (37-40)aýatlaryň teswirinde ulamalar şeýle rowaýaty getirýär- ler. Wezirler Firawuna: "Irde-giçde seniň mülki-döwletiň Beni Ysraýyl kowumyndan doglan bir çaganyň elinden harap bolar" diýenlerinden soň, ol şol kowumdan doglan her bir erkek göbekli çagany öldürmäge buýruk berýär. Musa alaýhy-s-salam Ysraýyl kowumlary üçin howply bolan gara ýyllarda dünýä inýär. Şonda çaganyň heläk boljagyndan etiýaç edip, gama batyp galan enä gaýypdan perman gelip, çagasyny bir sandyga salyp, seresaplylyk bilen Nil derýasyna taşlaýar. Şonda derýanyň kenarynda oturan Firawun akyp gelýän sandygy görýär ws hyzmatkärlerine ony alyp çykmagy buýurýar. Hyzmatkärler sandygy suwdan alyp çykandan soň, açyp görseler, onuň içinde aý ýaly bir çagajyk uklap ýatan eken, Oňa mähri giden Firawunyň aýaly oiy ogullyk almagy isläp, ondan rugsat soraýar. Ol rugsat berenden soň çagany köşge

alyp baryp, şäherden çaga emdirýän aýallary sorap-idäp başlaýarlar. Ýöne Musa bir aýaly hem emmeýär. Şol wagt bir gyz gelip, Firawunyň aýalyna: "Men size çagany emdirjek aýaly tapyp bereýin diýýär. Bu Musanyň daýzasy bolup, ony çagasyndan aýrylyp, gam-gussa batan ene bir derek tapyp gelmek üçin şähere gözlege iberipdi. Gepiň hullasy, gyz käşge çaganyň enesini tirkäp gelýär. Bu aýal göwsuni tutandan, çagajyk ony emip başlaýar, Firawunyň aýaly örän hoşal bolup, aýaldan köşkde galmagy haýyş edýär. Ýöne aýal öýünde bala-çagalarynyň bardygyny bahana edinip, eger razy bolsalar, çagany öýünde emdirip, ulaldyp berjegini aýdýar. Bialaç galan melike bu teklibe razy bolýar we enekä köp haýyr-sahawat görkezip, çagany oňa berip goýberýär. Şeýdip, Alla tagalanyň merhemeti bilen çaga dogran enesine gaýtarylýar. Eger üns berilse, bu kyssada ýene bir ybrat-göreldeli närse bardyr. Firawun özini heläk etjek çagany öz eli bilen suwa gark bolmakdan halas edýär. Şu manyda araplarda bir nakyl döräpdir: "Likulli Firawun, Musa" ýagny "Her Firawuna bir Musa". Bu bolsa, "Alla tagala her hili zalym häkimiň mańlaýyna ony ýok edýän bir adalatperwer - hakperwer bir kişini ýazyp goýandyr" diýmekdir.

42. "(Eý, Musa), sen özüň we agaň (Harun) Meniň mugjyzalarymy (adamlara) alyp baryň (ýetiriň) we Meni zikr edip, ýatda saklamakda sustkeşlik etmäň!

43. Siz Firawunyň ýanyna baryň, çünki, (Men Hudaýdyryn diýip, ol) hetdinden aşdy.

44. Ýöne, oňa ýumşak söz aýdyň! Eger pent-nesihat alsa, ýa-da (Meniň gazabymdan) gorksa!"

45. Olar diýdiler: "Perwerdigär, hakykatdan, biz (eger ony Saňa iman getirmäge buýrsak) onuň howlukmaçlyk (bilen bizi azaba giriftar) etmeginden ýa-da güýçli garşylyk görkez- meginden howp edýäris".

46. (Alla) aýtdy: "Gorkmaň. Şek-şübhesiz, Men siziň bilen biledirin eşidip, görüp durýaryn.

47. Bes, siz onuň ýanyna baryp: "Biz Perwerdigäriňiziň ilçisidiris. Sen Beni Ysraýyl (kowumyny) bize goşup goýber, olara azap bermegin. Biz saňa Perwerdigär tarapyn aýat-mugjyza getirdik. Hidaýata (ýagşylyga) eýeren kişilere dynçlyk-amanlyk bolar.

48. Bize wahyý edildi ki, (Allanyň pygamberlerini) ýalançy eden we (olara iman getirmekden) ýüz öwren kimselere azap bolar" diýiň.

49.*(Olar Firawunyň ýanyna gelip, bu sözleri aýdandan soň), ol diýdi: "Siziň Perwerdigäriňiz kim, eý, Musa?".*

50. (Musa) aýtdy: "Perwerdigärim herki zada bolmaly şekilini beren we soňra (ony) Dogry Ýola salan Perwerdigärimdir!"

51.*(Firawun) diýdi: "Onda owalky nesilleriň haly nedir (ýagny,. Perwerdigäriň olary hem azaplarmy)?".*

52. (Musa) aýtdy: "Olar hakyndaky bilim Perwerdigäriň öňüňdäki Kitapda - Lawhul-Mahfuzdadyr. Perwerdigärim ýalňyşmaz we unutmaz".

53. Ol ýeri siz üçin tekiz karargäh edip goýdy we onda ýollar peýda etdi hem-de asmandan suw (ýagny, ýagyş, gar) ýagdyrdy. Bes, Biz ol suwuň kömegi bilen dürli ösümlikleri jübüt-jübütden gögertdik.

54. Iýiň we malyňyzy bakyň. Elbetde, munda akyl eýeleri üçin aýat-ybrat bardyr!

55. Biz sizi (toprakdan) ýaratdyk, ýene oňa gaýtararys we (kyýamat güni) ýene bir gezek ondan çykararys.

56. Biz oňa (Firawuna) Öz aýat-mugjyzalarymyzy görkezdik, emma ol ýalan hasaplap, ýüz öwürdi.

57. Ol (Musa bilen ýüzbe-ýüz bolanda) aýtdy: "Sen öz sähr-jadyň bilen bizi ýerimizden çykarmaga geldiňmi, eý, Musa?!

58. Biz, elbetde, edil seniňki ýaly jady görkezeris. Bes, sen özüň bilen biziň aramyzdan bir wadagäh (ýer) saýla ki, saňa hem, bize hem amatly bir ýer bolsun".

59.(Musa) aýtdy: "Wadagäh baýram güni (toplanylýan) ýerdir. Adamlar çäş wagty toplan -synlar".

60. Bes, Firawun baryp, özüniň mekir-hilesini (ýagny, jadygöýlerini) ýygnady. Soňra (wada edilen ýere) geldi.

61. Musa olara (jadygöý-sährgärlere) diýdi: "Halyňyza waý. Siz Allanyň şanyna ýalan ýöňkemäň (ýagny, açyk gudraty gözbagçylyk diýmäň), onda (Alla) sizi azap bilen heläk eder. Ýalan ýöňkän kimseleriň näumyt boljagy anykdyr".

62. Bes, olar (etjek) işleri hakda jedelleşip, ýuwaş pyşyrdaşyp başladylar.

63.(Soňra biri-birlerine) aýtdylar: "Elbetde, bu ikisi (ýagny, Musa we Harun) öz jadylary bilen sizi ýeriňizden çykarmagy we ýoluňyzy (diniňizi) ýitirmegi isleýän sährgärlerdir.

64. Bes, (bar) mekir-hiläňizi toplaň, soň bir hatar bolup geliň, bu gün üstün çykan kişiler najat taparlar".

65.(Maslahat bitenden soň), diýdiler: "Eý, Musa, sen (eliňdäki hasaňa owal) taşlarmyň ýa-da biz ilki taşlalymy?".

66.(Musa) aýtdy: "Ýok, siz taşlaň" (Olaryň ellerindäki hasalaryny ýüplerini taşlany hem şoldy), öz-özünden ýüpleri we hasalary sähr edenleri sebäpli, ýöräp gidip barýan ýaly duýuldy.

67. Bes, içinden bir gorkyny duýdy,

68. Biz aýtdyk: "Gorkmagyl. Elbetde, sen özüň ýeňijisiň.

69. Eliňdäki närsäni (sen hem hasaňy) taşla olaryň ýasan zatlaryny ýuwudar. Olaryň ýasan zatlary diňe bir sährgärleriň mekir-hilesidir,

bolany. Sährgär bolsa, hiç ýerde-de üstünlik tapmaz".

70.(Musa hasasyny taşlandan soň, ol ähli sährgärleriň ýasan zatlaryny ýuwutdy). Şonda, sährgäler sejde edip (ýere) ýykylyp: "Harunyň we Musanyň Perwerdigärine iman getirdik" diýdiler.

71.(Firawun) aýtdy: "Oňa men idin bermän durup (rugsat bermesem-de), iman getirdiňizmi?! Şek-şübhesiz, ol size sähr-jady öwreden baştutanyňyzdyr. Bes, indi men, elbetde, aýaklaryňyzy eliňizi atanaklaýyn (sag eliňiz bilen çep aýagyňyzy, ýa-da tersine) keserin we sizi hurma şahasyndan asaryn, (ana, şonda) haýsymyzyň (meniňmi ýa Musanyň hudaýynyň) azabynyň gatydygyny we dowamlydygyny bilersiňiz".

72. Olar aýtdylar: "Biz hergiz özümize gelen açyk hüjjet mugjyzany we bizi Ýaradany goýup, seni saýlamarys. Bes, etjek hökümiňi ediber. Sen diňe şu dünýäde höküm edersiň.

73. Biz bolsa, hatalarymyzy we seniň bizi mejbur eden sährgärlikden ybarat (günälerimizi) geçirmegi üçin Perwerdigärimize iman getirdik. Alla (sogaby) ýagşydyr we (azaby) dowamlydyr".

74. Hiç şek-şübhe ýok ki, kimde-kim Perwerdigäriniň (öňüne) jenaýatçy-kapyr bolup gelse, onda, elbetde, onuň üçin jähennem bar bolup, ol (kapyr) ol ýerde ne ölüp biler, ne-de bir ýaşap biler.

75. Kim Oňa ýagşy amallar edip, mömin bolup gelse, bes, ana, şol kişiler üçin ýokary derejeler,

76. Aşagyndan derýalar akýan, olar ebedi galjak jennetler bolar. Bu (çirk-küfrden) päk bolan kişileriň sylagydyr!

77. Hakykatdan, Biz Musa: "Sen bendelerimi (ýagny, Beni Ysraýyly) gije alyp gidip, olar üçin (suwy çekilen deňze ýol başla - (yzyňdan Firawunyň) ýetjeginden howp etme we (deňze gark bolmakdan hem) gorkmaň" diýip wahyý iberendiris.

78. Bes, Firawun olaryň yzyndan öz leşgerleri bilen kowupdy. Olary deňiz dolap-dolap (demine dartyp, ählisi gark boldular).

79. Firawun kowumyny dogry ýola başlamady, (belki) Dogry ýoldan azdyrdy.

80-81, Eý, Beni Ysraýyl, Biz size duşmanyňyzdan najat berdik we siz üçin (Töwraty hasyl etmek üçin Musa bilen) Tur (dagynyň) sag tarapyny wadalaşdyk we size şirin nygmatlar, bedeneler ýagdyryp, (diýdik): "Size rysk edip berlen päk zatlardan iýiň we (olara şükür etmän) hetden aşmaň ki, ol ýagdaýda üstüňize Meniň gazabym düşer, kimiň üstüne Meniň gazabym düşäýse, ol hökman heläk bolar.

82. We Men toba eden we iman getirip, ýagşy amallar eden, soňra Dogry ýola düşen kişilere magrypat edijidirin".

83. (Beni Ysraýyl kowumyndan ýetmiş sanysyny özi bilen bile alyp, Tur dagyna tarap barýan Musa ýolda olardan öňe gidýär. Şonda Alla diýýär); "Kowumyňdan beýle öňe gitdiň-le, eý, Musa!".

84. Ol aýtdy: "Olar, hanha, yzymdan gelýärler. Men bolsa Seni razy etmek (emriňi tizräk berjaý etmek) üçin howlukdym, Perwerdigärim!".

85. (Alla) diýdi: "Hakykatda bolsa, Biz seniň yzyňda kowumyňy pitnä-synaga saldyk. Samaryý olary ýoldan azdyrdy".

86. Şonda Musa gazaplanyp we gama batyp, gaýdyp gelip, diýdi: "Eý, kowumym, Perwerdigäriňiz size (Töwrat indermek hakda) gözel wada etmänmidi?! Size (öten) wagt uzak (göründimi) ýa-da Perwerdigäriňiz tarapyn gazap düşmegini isläp, maňa beren wadaňyzy bozduňyzmy?!".

DÜŞÜNDIRIŞ. Musa Tur dagyna gidenden soň, Beni Ysraýyl kowumy Alladan özge hiç kime sygynmazlygy oňa söz berdiler. Soňra bolsa, Samarynyň ýasan gölesine sygynmak bilen beren wadalaryny bozdular.

87. Olar aýtdylar: "Biz saňa beren wadamyzy öz ynam-ygtyýarymyz bilen bozan däldiris. Ýöne biz (Müsürden çykyp gelýärkäk, Firawun) kowumynyň zer-zynatlaryndan ybarat zatlaryny alyp gaýdypdyk, bes, (Samarynyň emri bilen) olary (oda) taşladyk. Soň Samaryý hem taşlady..

88.*(Samaryý şol zer-zynatlary otda eredip, edil diri ýaly) owazly bir heýkel-göle ýasady, soň (ol we onuň şärikleri): "Siziň hem, Musanyň hem ylahy şudy, (Musa) unudyp (ony başga ýerden gözlemäge gidipdir)" diýdiler.*

89. Onuň (bu göläniň - butuň) özlerine bir söz gaýtaryp bilmeýändigini we bir zyýan hem, peýda hem getirip bilmeýändigini görmeýärlermikä?!

90. Mundan (gölä sygynmaklaryndan) ozal Harun olara: "Eý, kowumym, siz munuň bilen diňe synag edildiňiz, bolany. (Bes, ol gölä sygynmaň!) Şek-şübhe ýokdur ki, siziň Perwerdigäriňiz ýalňyz Rahman - merhemetli Alladyr. Bes, maňa tirkeşiň we emrine etagat ediň" diýeninde,

91. Olar: "Tä bize (huzurymyza) Musa gelýänçä, oňa (buta) ybadat kylyp, sygyn- makdan dönmeris" diýipdiler.

92-93. (Musa gaýdyp gelgeç) diýdi: "Eý, Harun, sen olaryň ýoldan azanlaryny gören wagtyňda, meniň yzymdan barmakdan (we ol hakda maňa habar bermekden) seni näme saklady?! Meniň emrime etagatsyzlyk etdiňmi?!".

94.*(Harun diýdi): "Eý, enemiň ogly (howandarym) sen meniň saç-sakgalymdan çekmegil. Men (eger gölä sygynýanlary goýup, ýoldan azmadyk kişiler bilen seniň yzyňdan barsam), meniň, sözüme ynanman, Beni Ysraýyl kowumyny bölüpsiň diýmegiňden gorkdum".*

95.(Soňra Musa Samaryýa seredip); "Bu näme etdigiň, boldy, eý, Samaryý?" diýdi.

96. Ol aýtdy: "Men olaryň (Beni Ysraýylyň) görmedik zadyny gördüm (ýagny, Jebraýyl seniň ýanyňa gelende, onuň münen atynyň toýnagy her hili jansyz zada degse, derrew jan girýärdi, men şony görüp galypdym) bes, ilçi Jebraýylyň basan yzyndan bir owuç alyp, ony (göläniň heýkeline) sepdim, (ondan janly göläniňki ýaly ses çykdy. Muny gören) Beni Ysraýyl kowumyndan bolan adamlar oňa sygynyp başladylar. Maňa nebsim, ine, şeýle etmegi gözel görkezdi".

97.(Musa) diýdi: "Bes, ýok bol! Indi seniň üçin durmuşda: "Maňa degmäň" diýmek bardyr (ýagny, sen ömrüň ahyryna çenli güň-mahaw bolup galarsyň. Ahyretde bolsa), seniň üçin hergiz azat edilmeýän bir wada azap bardyr. Öz ýasan-çokunan ylahyňa bir seret, biz ony ýakarys we külüni deňze seperis".

98.(Eý, ynsanlar) ylahyňyz ýeke-ýalňyz Alladyr. Hiç hili ylah ýok diňe Onuň Özi bardyr. Ol ähli zady öz ylmy bilen gurşap alandyr,

99. (Eý, Muhammet), Biz size ötüp giden (nesilleriň) habaryny, ine, şeýle sözläp bereris. Hakykatdan hem, Biz saňa Öz dergahymyzdan ýatlatma - Gurhan inderdik.

100. Kim ondan ýüz öwürse, bes, elbetde, ol kyýamat güni (günäniň iň agyr) ýüküni göterip durar.

101. Olar ol ýüküň astynda ebedi galarlar. Ol kyýamat güni olar üçin örän agyr ýük bolar.

102. Ol sur çalynýan Gündür. Ol Günde Biz kapyr - günäkär kimseleri gözleri gök (ýagny, nursuz, ýüzleri bolsa gara) ýagdaýda toplarys.

103. Olar özara pyşyrdaşyp: "(Dünýäde) on gün dagy durduňyz"(diýýärler).

104. Biz olaryň aýdýan sözlerini örän oňat bilýäris. Şonda olaryň iň dogry ýol tutan danalary: "bir gün durduňyz" diýýärler.

105. (Eý, Muhammet), olar sizden daglaryň (kyýamat gününde nähili boljagy) hakynda soraýarlar. Aýdyň: "Perwerdigärim olary (gum ýaly) pytradyp goýbär.

106. Soň (Ýeri) tep-tekiz edip goýar ki,

107. Onda ne çukur, ne-de bir nätekizlik bolar.

108. Ol günde (adamlar magşargähe-magşar mekana) çagyrýana (perişdä) egrelmän-burulman (gös-göni) tirkeşerler etagat kylarlar. Ses owazlar hem Rahmana tagzym eder, bes, diňe pyşyrdy eşidersiňiz.

109. Ol Günde aklaw peýda bermez, meger, diňe Rahmanyň idin beren we Onuň sözünden razy bolan kişisine (peýda berer).

110. Ol (Alla) olaryň öňündäki (ýagny, ahyretdäki) we arkasyndaky (ýagny, pany dünýädäki) bar zady biler. Olar bolsa Ony (Allany) bilmezler.

111. Ýüzler hem Diri we Baky durujy Ol (zada) tagzym eder. Kim zulmy (şeki) göterip gelen bolsa, näumyt boljagy anykdyr.

112. Kim mömin bolup, ýagşy amallar kylsa, bes, ol zulumdan hem (ýagny, şol kyýamat güni oňa zulum edilip, öz etmedik günälerine degişli bolmakdan hem), kemelişinden hem (ýagny, eden sogaplarynyň sylagynyň, doly berilmän galmagyndan hem) howp etmez.

113. Şonuň ýaly, Biz ony (bu aýatlary) araby Gurhan edip inderdik we onda gorkunçly wadalary (tekrar-tekrar) beýan etdik. Şaýat, eger olar (şekden we küfrden) saklansalar ýa-da (bu wadalar) olar üçin ýatlatma-ybrat peýda kylsa.

114. Hak Patyşa - Alla beýikdir. (Eý, Muhammet), size (Gurhan doly) inderilmezden öň kyrat kylmaga (beýan etmäge) 'howlukmaň, (diňe Jebraýyl perişdäniň Alla tarapyn getiren aýatyny doly okap bolaňdan soň kyrat ediň) we aýdyň: "Perwerdigärim, ylmymy ýene-de zyýada kylgyn" (diýip).

115. Hakykatdan hem, Biz öň Adam (ata) bilen (jennetdäki bir agaja golaýlaşmazlyk hakynda) ähtleşipdik, ol (ähti) unutdy we Biz onuň' kast-subutyny (ähtine wepasyny) görmedik..

116. Ýatlaň, Biz perişdelere: "Adama sejde ediň" diýenimizden (olar sejdä egildiler), diňe iblis baş çekdi.

117. Şonda Biz aýtdyk: "Eý, Adam, elbetde, bu (iblis) saňa hem, aýalyňa hem duşmandyr. Bes, ikiňizi oňa jennetden çykardyp, bagtsyz bolmaň.

118. Şübhesiz, sen ol ýerde (jennetde) aç-ýalaňaç galmarsyň.

119. We ol ýerde teşne hem bolmarsyň, yssada hem (ganalyp) galmarsyň",

120. Soň şeýtan oňa was-was edip: "Eý, Adam, men saňa bakylyk agajyny we ýok bolmaýan mal-döwleti görkezeýinmi?" diýdi.

121. Şonda (Adam bilen Howa) ondan (agajyň miwesinden) iýenleri üçin bujaklary açyldy we özlerini jennet ýapraklary bilen ýapyp başladylar. Adam Perwerdigärine asy (günäkär) bolup, ýoldan azdy.

122. Soňra Perwerdigäri ony sylaglap, Özüne ýakyn edip, tobasyny kabul etdi we Dogry ýola hidaýat kyldy.

123.(Alla) aýtdy: "Ondan (ýagny, jennetden) ikiňiz hem düşüň. Käbir (zürýatlaryňyz) käbirine duşmandyr. Bes, size Men tarapdan hidaýat gelende, kim Meniň hidaýatyma (ýoluma) eýerse, ýoldan azmaz we bagtsyz bolmaz.

124. Kim Meniň ýatlatmamdan ýüz öwürse, bes, elbetde, onuň üçin bagtsyz durmuş bolar we Biz ony kyýamat güni kör edip dirilderis.

125. Ol: "Perwerdigärim, nämüçin meni kör edip diriltdiň, men görüp bilýärdim ahyry" diýipdi (diýýär).

126.(Alla) aýtdy: "Şeýle, saňa Biziň aýat-mugjyzalarymyz gelende, olary unutdyň. Bu gün hem şeýle "unudylarsyň".

127. Hetden aşan we Perwerdigärine iman getirmedik kimseleri, ine, şeýle jezalandyrýarys. Ahyret azaby bolsa, şek-şübhesiz, gaty we dowamlydyr.

128. Biziň olardan öň hem olaryň mesgenlerinde (ýaşap) ýören näçe nesil-öwlatlary (küfrleri sebäpli) heläk edenimiz olara mälim dälmi?! Elbetde, munda akyl eýeleri üçin aýat-ybratlar bardyr.

129. Eger Perwerdigäriňiz tarapyndan (ähli ýagşy-ýaman amallaryň sylag-jezalarynyň kyýamatda boljagy dogrusynda) Söz we belgilenen mütdet bolmasady, elbetde, (olaryň derrew azaba giriftar bolmagy) lazymdy.

130. Bes, (Eý, Muhammet), olaryň aýdýan sözlerine sabyr-takat ediň we Gün dogmanka we batmanka, Perwerdigäriňize hamdy-sena aýtmak bilen (Ony) päkläň - namaz okaň! Gijä(niň owalky we ahyrky) wagtlarynda hem-de gündiz(iň owalky we ahyrky) taraplarynda hem tesbyh aýdyň -namaz okaň, hökman hoşal bolarsyňyz.

131. Siz gözleriňizi (kapyrlardan käbir) taýpalary pitnä salmak üçin Biziň bagyş eden pany dünýä gözelliklerinden ybarat zada dikmäň! Perwerdigäriňiziň (berýän) rysky ýagşydyr we bakydyr.

132. Ili - ymmatyňyzy namaz okamaga buýruň we özüňiz hem (namaz okamakda) çydamly boluň! Biz snzden rysk soramaýarys,

(gaýta) Özümiz size rysk bereris. Gözel akybet - jennet takwalaryňkydyr.

133. (Müşrikler): "Perwerdigäri tarapyn (Muhammet) bize bir aýat-mugjyza getirsedi" diýdiler. Olara owalky sahypalardaky (öňki ylahyý kitaplardaky) zatlaryň (mugjyza- laryň) beýany gelmedimi näme?!

134. Eger Biz olary (Muhammediň geljeginden, Gurhanyň hasyl boldjagyndan) ozal bir azap bilen heläk eden bolsadyk, olar, elbetde; "Perwerdigär-ä, bize bir pygamber iberen bolsadyň, hor-zar we şermende (masgara) bolman, Seniň aýatlaryňa eýererdik - etagat ederdik" diýerdiler.

135. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Barça(myz) gidüwçidir(is. Siz hem, biz hem ahyr-akybetde kimiň hak, kimiň nähak boljakdygyna garaşýandyrys). Bes, garaşyberiň! Ýakynda (amalda) kimleriň dogry ýol eýeleridigini we kimleriň hidaýat tapan kişilerdigini bilersiňiz!".

21. ENBIÝA SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bir ýüz on iki aýatdan ybarat bu sürede Ybraýym pygamber we onuň bilen butparazlaryň arasynda bolup geçen dawalar dogrusynda giňişleýin hekaýat edilip, öz-özüni goramaga ejiz bolan jansyz butlaryň - senemleriň özgä kömek bermäge ýa-da zyýan ýetirmäge güýçsüzligi aýdylýar.

Ýene bu sürede Alla tagalanyň, pygamberleri Ishak, Ýakup, Lut, Nuh, Dawut, Süleýman, Eýup, Ysmaýyl, Idris, Zulkifi, Zakariýa we Isa alaýhy-s-salam dogrusynda hem habarlar bar bolany üçin bu süre "Enbiýa"

"Pygamberler" diýlip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

Adamlara (olaryň) hasap-kitap (wagt)lary (ýagny, kyýamatyň kaýym bolmagy) ýakyn geldi. Olar bolsa gaflatda (iman getirip, ýagşy amallar etmekden) ýüz öwürýärler.

2-3. Olara Perwerdigäri tarapyndan bir täze ýatlatma-aýat gelse, elbetde, ony masgara edip, kalblary gapyl bolan ýagdaýlarynda diňlediler we zalym kimseler: "Bu (ýagny, Muhammet) özüňize meňzeş bir adam dälmi? Görüp duran halyňyzda sähr-jada aldanýarsyňyzmy?" diýip, özara pyşyrdaşdylar.

4.(Şonda Muhammet) aýtdy: "Perwerdigärim asmanu-zemindäki her bir sözi biler. Ol eşidiji, bilijidir".

5."Belki, - diýdiler olar - (Muhammediň, wahyý diýip dawa edýän sözleri) düýşleriň toplumydyr, belki, (bu sözleri) onuň özi toslapdyr, belki, ol bir şahyrdyr! Goý, ol hem öňki iberilen pygamberler ýaly' bir aýat-mugjyza görkezsin!".

6. Olardan öň Biziň heläk eden oba-şäherlerimiz hem iman getirmändiler, bular hem iman getirmezlermi?!

7.(Eý, Muhammet), Biz sizden öň hem diňe kişileri (ynsany) Özümiz wahyý inderip pygamber edendiris. Bes, (eý, Mekge ili) eger özüňiz bilmeýän bolsaňyz, (Töwrady, Injili) bilýänlerden soraň!

8. Biz olary (pygamberleri) tagam iýmeýän bir jeset eden däldiris we olar ömürbaky hem däldirler.

9. Soňra Biz (beren) wadamyza wepa edip, olara Özümiziň islän (imanly) kişi- lerimiz bilen najat berendiris. Hetden aşýan kimseleri kapyrlary bolsa, heläk edendiris.

10. Hakykatdan, Biz size bir Kitap - Gurhan inderdik, onda siz üçin zikr (şanu-şöhrat) bardyr. (Çünki, ol siziň diliňizde hasyl edildi). Akyl ýetirýärsiňizmi?!

11. Näçe zalym - kapyr bolan oba-şäherleriň (ilini) heläk etdik we olaryň yzyndan (bütinleý) başga kowum-öwlady wujuda (ýüze) getirdik.

12. Bes, haçanda olar (ýagny, heläk edilen kimseler, ölümiň öň, ýanyndady). Biziň azabymyzyň (injegini) duýandan soň, ol ýerden gaçarlar.

13. (Şol wagt perişdeler): "Gaçmaň, keýpi-sapa çümen ýeriňize, öz mesgeniňize gaýdyň, belki, jogap berersiňiz" (diýenlerinde),

14. (Olar biri-birlerine): "Eý-waý, halymyza waý! Hakykatdan, biz (özümize) zalym bolduk" diýdiler.

15. Bes, tä Biz olary (ot-çöp) ýaly orulan, (odun ýaly) öçen hala salýançak, olaryň dady-waýlary dowam etdi.

16. Biz asmany we Ýeri hem-de olaryň arasyndaky närseleri oýnap, keýpine ýaradan däldiris. (Belki, Öz gudratymyzy bildirmek üçin we bendelerimiziň peýdalanmagy üçin ýaratdyk).

17. Eger Biz wagtyhoşluk etmegi (ýagny, aýal, bala-çaga köpeltmegi) islesek, eger şeýle eden çagymyzda hem, ony (aýaly, bala-çagany) Öz dergahymyzdan (ýagny, perişdelerden ýa-da jennet hüýrlerinden) ýaradardyk.

18. Ýok, (Biz onuň ýaly aýby-nogsandan päkdiris). Biz Hak - Gurhany batyl jahalatyň üstüne oklaýarys, bes, (Hakykat batyllygy) ezip, ýenjip, özünden-özi ýok bolar (ýaly eder)! Siz üçin bolsa, (eý, müşrikler, Allany "aýaly, bala-çagasy bar" diýip, nälaýyk sözler aýdyp) sypatlandyranyňyz sebäpli, bagtsyzlyk bolar.

19. Asmanlar we Ýerdäki bar janly-jandar Onuňkydyr. Onuň ýanyndaky zatlar (perişdeler) Oňa ybadat etmekden ar etmeýärler, ýaltanmaýarlar.

20. Olar gije-gündiz sustkeşlik etmezden (Allany) päkleýärler.

21. Ýa-da olar (müşrik-müňkürler) ýeriň özünden (ýagny, daşlardan, agaçlardan ölüleri) dirildip bilýän "hudaý"lary tapdylarmykan?!

22. Eger (asman-zeminde) Alladan özge hudaýlar bolanda, ikisi-de bozlup giderdi. Bes, arş eýesi bolmuş Alla olaryň ýöňkeýän (şäriklerinden) päkdir.

23. Ol öz edýän işiniň biri üçin-de jogapkär bolmaz, olar (bendeler bolsa, edýän her bir iş-amallary üçin) jogapkär bolarlar.

24. Ýa-da Ony goýup, (başga) "hudaý"lary tapdylarmy?! (Eý, Muhammet) aýdyň: "(Eý, müşrikler, ine, şu şärikleriňiziň hakdygyna) hüjjet delilleriňizi görkeziň! Ine, meniň, bilen bile bolan (möminleriň) ýatlatmasy (Gurhan) we menden owalkylaryň

ýatlatmalary (Töwrat, Injil. Bu kitaplaryň haýsy birinde Alladan özge hudaýlaryň barlygyna hüjjet-delil bar?!)". Ýok, olaryň köpüsi hakykaty bilmän, (Ondan) ýüz öwürýänlerdir.

25.(Eý, Muhammet), Biz sizden öň iberilen her bir pygambere hem:"Hiç hili ylah ýok, meger, diňe Men bardyryn, bes, diňe Maňa ybadat ediň" diýip wahyý iberendirin.

26. Olar (ýagny, müşrik-müňkürler): "Rahmanyň (perişde) balasy bar" diýdiler. Ol (müş- rikleriň betgümanlaryndan) mutlaka päkdir. Ýok, (perişdeler asla Allanyň perzentleri däl, belki) päkize bendeleridir.

27.(Perişdeler) Ondan öň bir söz hem aýtmaýarlar (ýagny, Allanyň buýrmadyk bir işinem etmeýärler). Olar diňe (Allanyň) emri-permany bilen amal ederler.

28. Ol olaryň öňlerindäki (edýän) we arkalaryndaky (edip öten) ähli iş-amallaryny biler. Olardan (kyýamat kaýym bolan günde) diňe Allanyň razy bolan kişileri şepagat kylarlar - aklap bilerler. Olaryň (özleri Alladan) gorkup, howp-hatarda durarlar.

29. Olardan islendik bir kimse: "Men hem (Alladan) özge bir ylah men" diýse, bes, Biz şony jähennem bilen jezalandyrarys.

30. Kapyr bolan kimseler asmanlaryň hem, Ýeriň hem (owalda) bagly (ýagny, asmandan ýagyn ýagman, ýerde giýa gögermän) bolanyny, soň Biziň ony açanymyzy (ýagyn ýagdyryp, giýa gögerdenimizi) we ähli janly barlygy suwdan (peýda) edenimizi görmedilermi?! Indi hem iman getirmeýärlermi?!

31. Biz Ýer (adamlary) titretmezligi üçin onda daglary (peýda) kyldyk we azaşmazlyklary üçin onda giň, açyk ýollar kyldyk.

32. Biz asmany ýykylmaýan goragly üçek edip goýduk. Olar (müşrikler) bolsa, (asmandaky Aý, Gün, ýyldyz ýaly Allanyň

gudratyny görkezip duran) alamatlardan ýüz dönderýärler.

33.(Alla) gije we gündizi, Güni we Aýy ýaradandyr. (Bularyň) hemmesi öz pelek-äleminde ýüzerler.

34.(Eý, Muhammet), Biz sizden owal hem bir adama-da ebedi ýaşaýyş beren däldiris. Bes, eger siz ölseňiz, olar (müşrikler) ebedi galarlarmy?! (Ýok, olar ömürlik galmazlar).

35. Her bir jan ölümi dadyp görýändir. Biz Sizi (sabyr-takatlaryňyzy synamak üçin) ýamanlyk bilen hem, (şükür edişiňizi bilmek üçin) ýagşylyk bilen hem "synap", barlap görýäris. (Soňra) diňe Bize gaýtarylarsyňyz.

36.(Eý, Muhammet), haçanda kapyr bolan kimseler sizi görseler, diňe (bir-birine görkezişip): "Siziň ylmyňyzy aýyplaýan kimse, ine, şumy?" (diýişip) masgara edýärler, bolany. Diýmek, olaryň özleri Perwerdigäriň ýatlatmasyndan - Gurhandan ýüz öwrüjilerdir.

37. (Hakykatdan) ynsan howlukmaç halda ýaradylandyr. Ýakynda Men size Öz aýat-alamatlarymy görkezerin (ýagny, Maňa asy bolan kimselere nähili azap berişimi görersiňiz). Bes, Meni howlukdyrmaň!

38. Olar (dinsiz kimseler): "Eger rastgöý bolsaňyz, (hany aýdyň) ine, şu wada haçan bolýar?" diýerler.

39. Eger kapyr kimseler öňlerinden hem, yzlaryndan hem (olardan dowzah) oduny böwet edip bilmeýän, olara kömek berilmeýän wagty (kyýamat günündäki aýylgançlyklary) bilselerdi, (bu sözleri aýtmazdylar).

40. Ýok, (kyýamat) duýdansyz gelip, olary haýranu-geň hassa edip goýar, bes, ony gaýtarmaga hem güýçleri ýetmez, olara (toba-tagsyr üçin) möhlet hem berilmez.

41. (Eý, Muhammet) anyk ki, sizden owalky pygamberler hem masgara edilendir. Bes, olaryň üstünden gülen kimselere özleri (ynanman) masgara eden närseleri (Allanyň azaby) inendir.

42. Aýdyň: "Gije-gündiz Rahman (azabyndan) sizi kim saklaýar?!" Ýok, olar Perwerdigäri ýatlamakdan ýüz öwürýärler.

43. Ýa-da olaryň Bizden özge hemaýat edýän "hudaý"lary barmykan?! Ol ("hudaýlar") özlerine kömek etmäge hem kadyr däldir we olara Biz tarapdan hem hemaýat edilmez.

44. Ýok,Biz olary (kapyrlary) we ata-babalaryny (dünýä matalaryndan şeýle) peýdalandyrdyk ki, hatda olara ýaşaýyş ebedi (görnüp, bir gün 6u ýaşaýyşyň gutarjagyna ynanmazlyk etdiler we Allanyň, azabyny hem inkär etdiler). Olar Biziň Ýeri gyrasyndan kemeldip gelýändigimizi (wagt geçdigisaýyn Yslama köpleriň girip, küfr dünýäsiniň kemelip) barýandygyny görmeýärlerimikä?! Ana, şolar üstün bolarmy?! (Ýok, olar ejizdirler, Allanyň dinine iman getirenler bolsa, üstündirler).

45. Aýdyň: "Men sizi diňe wahyý bilen gorkuzyp, duýduryandyryn. (Ýöne) güňler (ker-lal dinsizler özleri üçin ahyretde azap barlygy hakda wahyý arkaly) gorkuzylýan wagty, hakykaty eşitmeýärler.

46. Kasam-ki, eger olara Perwerdigäriň azabyndan azajyk ýetse, elbetde: "Halymyza waý! Hakykatdan hem, biz (öz janymyza) jebir ediji bolduk" diýip gygyrarlar.

47. Biz kyýamat güni üçin adalatly mizan-tereziler goýarys, bes, bir jana-da daryça zulum edilmez. Eger ownuk (ösümligiň) tohumy ýaly (bir daryça ýagşy ýa-da ýaman amal edilen) bolsa, şony-da getireris! Biz Özümiz degerli hasap-kitap edijidiris.

48. Hakykatdan hem, Biz Musa we Haruna (hak bilen nähaky) aýrybaşgalaýjy, ylymly we takwa kişiler üçin ýatlatma bolan

(Töwraty) eda kyldyk.

49. Olar Perwerdigärinden (ony) görmän durup, gorkarlar. Olar (kyýamat kaýym bolýan) sagatdan howpdadyrlar.

50. Bu (Gurhan) - Biziň hasyl eden mübärek ýatlatmamyzdyr. Ýeri, siz ony inkär edermisiňiz?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatdaky gürrüň Mekge araplaryna ýüzlendirilen bolup, oňa şeýle düşünmek lazym, başga dil, başga millet eýeleri Gurhanyň dilini bilmändikleri üçin onuň gadyr-gymmatyny doly aňlap bilmezlikleri mümkin. Emma siz öz diliňizde hasyl edilen, doly many-netijeden daşgary, kämil we akyla doly bolan setirleriň özünden ylahyý täsinlik görnüp duran Kitaby nähili inkär edip bilersiňiz?!

51. Hakykatdan hem, Biz (Musadan) öň Ybraýyma Hak ýoluny eda etdik, Biz onuň (Hak ýola laýykdygyny) bilipdik.

52. Şonda (Ybraýym) atasyna we kowumyna: "Siziň hemişe çokunýan bu heýkelleriňiz nämedir (ýagny, nämüçin jansyz heýkellere sygynýar- syňyz?!)" diýende,

53. Olar aýtdylar:"Biz ata-babalarymyzy hem şulara sygynýan halda tapandyrys".

54. Ol aýtdy: "Onda, siz hem, ata-babalaryňyz hem açyk zelalatda ekeniňiz".

55. Olar aýtdylar: "Getiren - aýdan (bu sözleriň) rastmy ýa-da sen oýun edýärmisiň?!"

56. Ol aýtdy: "Ýok! Siziň Perwerdigäriňiz (hiç kime peýda hem, zyýan hem getirip bilmeýän bu butlar däl, belki) Asmanlaryň we Ýeriň Perwerdigäri bolup, Onuň Özi olary ýaradandyr. Men muňa güwälik berýändirin.

57. Alla adyna kasam ki, siz (aýt-baýram ýerlerine gideniňizde), butlaryňyza bir bela ederin".

DÜŞÜNDIRIŞ. Alla tagalanyň gudraty bilen çagalyk çagyndan başlap jansyz heýkel butlara sygynmakdan el çeken Ybraýym alaýhy-s-salama atasy: "Hany indi hudaýlarymyz hakyndaky ýalňyş pikirler özgerss" diýip, her ýylda bir gezek bellenýän dini baýramyna ony alyp gitjek bolýar. Ýöne ol aýagynyň agyrýandygyny bahana edinip, baýrma barmaýar we içinden, olar gidenden soň buthanalardaky heýkelleri syndyrmaga kasam içýär.

58. Bes, ol (butlary) bölek-bölek etdi. Diňe "Eger (müşrikler ol butlaryň) ulusyna gaýtsalar (bu aýby ýöňkeseler" diýip), ýeke şony galdyrdy (we onuň boýnuna bir paltany asyp goýdy).

59. Olar (gaýdyp gelenlerinden soň): "Biziň hudaýlarymyzy kim beýle etdi? Şübhesiz, ol zalym kimselerdendir" diýdiler.

60. Olar(yň) käbirleri aýtdylar: "Hudaýlarymyzy aýyplap ýören Ybraýym diýen bir ýigidi eşidipdik".

61. (Şonda müşrikleriň ýaşulusy): "Ony adamlaryň alnyna getiriň! Olar güwä bolsunlar" diýdi.

62.(Ony getirenlerinden soň): "Hudaýlarymyzy sen şu (hala) saldyňmy, eý, Ybraýym?!" diýip soradylar.

63. (Ybraýym) aýtdy: "Ýok, bu işi olaryň ulusy, ine, şu (heýkel) etdi. Bes (butlaryňyzdan) soraň, eger gepläp bilýän bolsalar (aýdyp bersinler)".

64. Bes,(müşrikler)özlerine gelip,(bir-birlerine);"Siziň özüňiz zalymlarsyňyz" diýdiler.

65. Soňra bolsa ýene başlary aýlanyp: "Sen olaryň geplemeýändiklerini bilýärdiň-ä?!" diýdiler.

66. (Ybraýym) aýtdy: "Eýsem, Allany goýup, size bir peýda hem, zyýan hem ýetirip bilmeýän närselere sygynýarmysyňyz?!

67. Size hem, Allany goýup sygynýan butlaryňyza hem tüf! Akyl ýöretmeýärsiňizmi, ahyryn?!"

68.(*Ybraýymyň hak sözlerine birem jogap tapyp bilmedik Nemrudyň baştutanlygyndaky müşrikler*) *diýdiler: "Ony ýakyp goýberiň! Eger başaryp (bilseňiz, ine, şu iş bilen) öz hudaýlaryňyza kömek ediň!"*

DÜŞÜNDIRIŞ. Şundan soň muşrikler ullakan odun üýşmegini häzirläp, onuň hemme tarapyna ot berdiler we Ybraýymyň el-aýagyny daňyp, bir gadymy daş zyňýan gurala - manjanyga salyp, oda zyňdylar. Şonda

69. Biz aýtdyk: "Eý, ot, sen Ybraýym üçin (ony köýdürmeýän) salkynlyk we amanlyk bol!"

DÜŞÜNDIRIŞ. Ybraýym alaýhy-s-salam manjanykdan atylan badyna, onuň ýanyna Jebraýyl gelip: "Heý, menden bir dilegiň-hajatyň barmy?" diýip sorapdyr. Ybraýym: "Saňa (ýagny, Alladan özgä) bir dilegim hem ýok" diýip jogap beripdir. Jebraýyl "Perwerdigäre näme dilegiň bar?" diýip sorapdyr. Ybraýym: "Perwerdigäriň Özi ýagdaýymdan habardardyr" diýipdir. Şonda Alla tagala ýokardaky oda aýdylan permanyny iberipdir. Oduň ýagtylygy galyp, gyzgynlygy ýitipdir. Ybraýym alaýhy-s-salamyň daňlan ýüpi ýanyp gutarypdyr, özüne bolsa birjigem zeper ýetmändir. Kyssadan çykýan many: "Kimde-kim Ybraýym pygamber ýaly ýalňyz Alla tagala bendelik edip, Ondan özge bir kimseden medet-kömek dilemese, Alla ony oda köýdürmez, suwa çümdürmez!"

70. Olar (Ybraýyma) mekir kylmakçy (ony öldürmekçi) boldular. Biz bolsa, olaryň özlerini köp zyýana goýduk.

71. We oňa hem-de Luta najat berip, (olary) Biz barça älemler üçin mübärek kylgan (Şam) topragyna iberdik.

72. Biz (Ybraýyma Bizden bir perzent soranda), Ishaky hadýa Etdik we Ýakuby hem zyýada kyldyk (olaryň) barçalaryny salyh kişiler etdik.

73. Ýene olary Biziň emrimiz bilen (adamlary Hak ýola) başlaýan öňbaşçylar etdik we olara ýagşy amallar etmegi, namazy doly berjaý etmegi we zekaty (aýdylan kişilere) bermegi wahyý kyldyk. Olar ýalňyz Bize ybadat edijiler boldular.

74. Luta bolsa, hikmet we ylym berdik we ony näpäklik edýän obanyň (adamlaryn)dan gutardyk. Hakykatdan hem, olar bozuk kowumdylar.

75. We ony (Luty) rahmet-jennetimize degişli etdik. Şek-şübhesiz, ol salyh (wepaly) kişilerdendir.

76. Nuhy (ýatlaň). Şonda (bar pygamberleriň döwründen) öň (ol) nyda kylanda, Biz onuň (nalasyny) kabul edip, özüni hem ähli tabynlaryny uly gamdan gutardyk.

77. We oňa Biziň aýatlarymyza ýalan diýen kowumdan najat-medet berdik Hakykatdan hem, olar ýaman kowumdylar. Bes, Biz olaryň hemmesini gark etdik.

78. Dawut we Süleýmanyň ekin-dikine höküm edýän wagtlaryny (ýatlaň). Şonda oňa (ekinlere) kowumynyň goýunlary boşanyp girip (ony paýhyn edipdi). Biz olaryň çykaran hökümine şaýatdyk.

79. Bes, Biz ony Süleýmana aňlatdyk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Dawut we Sümýman pygamberiň ýanyna iki adam bir iş- dogrusynda höküm sorap gelýär. Olaryň biriniň goýunlary beýlekiniň ekinlerini paýhyn edipdi. Dawut alaýhy-s-salam "Goýunlary ekin eýesine bermeli" diýen höküm çykarýar. Muny onuň ogly Süleýman alaýhy-s-salam eşidip: "Ýeri goýunlaryň eýesine, goýunlary bolsa, ekin eýesine berilse, goýunlaryň eýesi bolsa, ýeri bejerip, ekin ekip, owalky halyna gaýtarandan soň, goýunlaryny gaýtaryp alsa, şu mütdet içinde ekin eýesi ol goýunlaryň ýüňünden, süýdünden peýdalanyp, guzularyny hem özüne alyp galsa" diýýär. Şonda Dawut alaýhy-s-salam Süleýmana seredip: "Oglum, seniň hökümiň dogry" diýip,

öz hökümini ýatyrýar.

Biz olaryň ikisine-de hikmet-pygamberlik we ylym berdik. Daglary we guşlary Dawut bilen bile tesbyh aýdýan edip, boýun syndyryp goýduk. Biz şeýle edip bilýändiris.

DÜŞÜNDIRIŞ. Aýdyşlaryna görä, Dawut alaýhy-s-salam ýakymly hoş owaz sahyby (eýesi) bolup, Zebury tilewat eden wagty - okan wagty, gökde uçup barýan guş gozganman durup, töwerekdäki daglar hem bile diňlär eken.

80. Ýene (Dawuda) size (kowumyna) zyýan ýetmeginden saklaýan sowut ýasamaga tälim berdik. Bes, siz şükür edermisiňiz?!

81. Süleýmana bolsa, boranly şemaly (boýun syndyryp) onuň emri bilen Biziň mübärek eden ýerimize (Şama) öwüsýän (edip goýduk). Biz ähli närsäni bilýändiris.

82. Ýene şeýtanu-jynlardan (Süleýman) üçin hyzmat edýän we başga işleri hem eda edýän kimseleri (ýaratdyk) We Biz olary (Süleýmanyň emrinden çykmazlyk üçin) gözegçilik edip durýandyrys.

83. Eýubyň Perwerdigärine owaz edip: "(Perwerdigärim) meni bela tutdy. Özüň şepagat edijileriň rehimdarysyň" (diýip, dileg eden) waggyny (ýatlaň).

84. Bes, Biz onuň (dogasyny) kabul edip, ondaky zyýany (onuň dertlerini) giderdik hem-de Öz dergahymyzdan mähribanlyk görkezip, ähli ybadat edýänlere ybrat-görelde bolsun diýip, (Eýuba), ili-maşgalasyny we olar bilen goşup, ýene şolaryň sanyça bala-çagalar bagyş etdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Eýup pygamberiň asly Rum ýurdundan bolup, köp perzentli, baý, döwletli kişidi. Soňra başyna agyr günler düşüp, maly-dünýäsinden aýryldy, ýöne kanagat etdi. Çagalary yzly-yzyna gurban bolup, olardan hem jyda boldy. Sabyr etdi! Sag-salamatlygyndan aýrylyp, iň, agyr hassalyga duçar boldy. Şikaýat etmedi! Haçanda käbir kimseleriň: "Bu iň

ýaman günä-jenaýatlary edendir. Şonuň üçin Hudaý şeýle belalary iberendir" diýenlerini eşidenden soň, sabyr käsesi dolup, Alla tagala dileg edip, halyndan şikaýat etdi. Alla tagala onuň doga-dileglerini kabul edýär. Saglygy düzelip, maly-döwleti gaýtadan nesip edýär. Wepat bolan ýedi ogluna, ýedi gyzyna, Alla durmuş berip, oňa ýene ýedi ogul we ýedi gyz berýär. Bu aýatdaky: "Hemme ybadat edýänlere ybrat-görelde bolsun" diýen sözleriň manysy şeýle: başlaryna bir bela düşen kişiler Eýup aleýhy-s-salam ýaly sabyr-kanagat etseler, elbetde, Alla tagala olaryň (belalaryny dep edip, öňküden hem artyk nygmatlary eda eder.

85. Ysmaýyly, Idrisi we Zul-kifli (ýatlaň). Hemmesi sabyrlydylar.

86. Biz olary Öz rahmet-jennetimize degişli etdik. Hakykatdan hem, olar salyhdylar.

87. Zun-nun - Ýunusyň (kowumyna) gazaplanyp (öz obasyndan çykyp) gidip, Bizi onuň zyýanyna höküm etmez diýip oýlanan wagtyny, soň (Biz ony balygyň garnyna taşlanymyzdan soň), garaňky zulmatda durup: "Hiç ylah ýok, meger, Özüň barsyň, eý päk Perwerdigär, hakykatdan hem, men (öz janyma) jebir ediji bolup galdym" diýip nyda kylan (wagtyny ýatlaň).

88. Bes, Biz onuň (dogasyny) mustajap kyldyk we ony gam-gussadan azat etdik. Biz möminlere, ine, şeýle najat berýäris.

89. Zakariýanyň: "Perwerdigärim, meni ýalňyz goýma, (maňa Öz derga- hyňdan bir mirasdar perzent bagyş et!) Özüň waryslaryň ýagşysy Sen! (ýagny, hemmäniň, yzynda galýan esasy mirasdar) diýip, nyda kylan wagtyny (ýatlaň).

90. Bes, Biz onuň (dogasyny) kabul kyldyk we oňa Ýahýany berdik hem-de jübtüniň (saglygyny) düzedip, (dogmaýan aýaly çaga dogurmaga kadyr edip) goýduk. Hakykatdan, olar (ýagny, ol pygamberler) ýagşy işler etmäge howlugdylar we Bize umyt we gorky bilen doga-dileg etdiler. Olar Bize tagzym, etagat edýänlerdir.

91. Ýene öz namysyny saklan aýaly (ýagny, Meremi ýatlaň). Bes, Biz Öz tarapymyzdan bolan ruhy oňa üfledik (we ol göwreli boldy) we ony hem-de ogluny (Isany) ähli älemler üçin aýat-ybrat etdik.

92.(Eý, ynsanlar), siziň milletiňiz - diniňiz hakykatda bir dindir (ýagny, Yslamdyr). Men bolsa, (hemmäňiziň) Perwerdigäriňizdirin, Bes, diňe Maňa ybadat ediň!

93.(Adamlar) bolsa, işlerini (dinlerini) özara bölüşdiler. Hemmesi Bize dolanjakdyr.

94. Bes, kim mömin bolup, ýagşy amallar kylsa, onuň işi-hereketi zaýa bolmaz. Biz ony ýazyp goýýandyrys.

95-96-97. Biziň heläk eden oba-şäherlerimiziň (ilíniň gaýtdan dünýä gelmegi) haramdyr. Tä Ýajuj we Majuj (böwedi) açylyp, olar (Ýajuj we Majuj) her bir depeden akyp gelýän we hak wada (kyýamat) ýakyn bolýan wagta çenli, olar (biziň heläk eden kimselerimiz) gaýtmazlar. Ana, şol wagtda bolsa, kapyr bolan kimseleriň gözleri doňup: "Eý, halymyza waý, biz beýle akybetden gapyldyk. Ýok, biz (öz janymyza) jebir ediji bolduk" - (diýdiler).

98.(Eý, müşrikler), Siz hem Allany goýup, sygynan butlaryňyz hem jähennem odunlarydyr. Siz ol (jähenneme) düşersiňiz.

99. Eger (siziň sygynan butlaryňyz) hudaý bolan bolsa, (jähenneme) düşmezdiler. (Bu butlar we olara sygynýanlaryň) hemmesi ol jaýda ebedi galarlar.

100. Olar üçin ol jaýda (jähennemde diňe) dat-perýat etmek bardyr. Olar hiç zat eşitmezler.

101. Elbetde, Biz tarapdan gözel (menzil-mertebe) berlenler - ana, şolar (möminler jähen- nemden) uzakda bolarlar.

102. Olar onuň (jähennemiň) galmagalyny hem eşitmezler. Olar islän nygmatlarynda (jennet baglarynda) ebedi galarlar.

103. Olary uly howp (ýagny, kyýamat) gamgyn etmez. Perişdeler olary: "Ine, şu size wada edilen gündür" diýip, garşy alarlar.

104. Ol Günde Biz asmany hem edil hat ýazylan sahypany dolan ýaly täzeden dolap, (ony) ilki gezek nähili ýaradan bolsak, (şol hala) gaýtararys. (Bu) Biziň boýnumyzdaky wadadyr. Elbetde, Biz (şeýle) edýändiris.

105. Hakykatdan hem, Biz (Lawhul-Mahfuzda) zikr edenden soň, Zeburda "Elbetde (jennetiň) ýerine Meniň salyh bendelerim warys (mirasdar) bolarlar" diýip ýazyp goýandyrys.

106. Elbetde, ine, şu (Gurhanda) ybadat edýän kowum üçin ýeterlik närse bardyr.

107.(Eý, Muhammet), hakykatdan, Biz sizi ähli älemlere diňe rahmet (ýagny, Allanyň rahmet-jennetine başlaýjy) edip iberdik.

108. Aýdyň: "Maňa diňe (Siziň) ylahyňyzyň ýeke-täk ylahdygy (wahyý) edilýär. Bes, siz (bu wahyýa) boýun synýarmysyňyz?!" (diýip).

109. Indi eger ýüz öwürseler, onda aýdyň: "Men siziň (hemmäňize - hiç kimi aýyrman, maňa inderilen wahyýny) eşitdirdim. Size wada edilen (kyýamat günündäki azabyň) ýakyndygyny ýa-da uzakdygyny bilmeýärin.

110. Elbetde, (diňe) Ol (Alla) sözüň äşgäresini hem biler, siziň gizleýän sözleriňizi hem biler.

111. Bilmedim, belki, bu (azap möhletiniň gijikdirilmegi) siziň üçin bir aldaw - synag we bir azajyk wagta çenli (ajalyňyz ýetinçä) peýdalanarlykdyr".

112.(Muhammet) aýtdy (aýdyň): "Perwerdigärim, Özüň - Hak hökümiňi kylgyn. Perwerdigärimiz siziň (Allany ýalňyz däl diýip Ony

töhmet bilen) sypatlan- dyryşyňyzdan medet soralýan Rahmandyr".

22. HAJ SÜRESI

Bu süre Medinede hasyl edilen bolup, ýetmiş sekiz aýatdan ybaratdyr. Sure kalblaryň elhenç ýagdaýa düşüp, akyllar azaşýan, enäniň emdirýän çagasyny unudyp, göwreli aýallaryň göwresindäki çagasyny taşlamaga mejbur edýän Kyýamatyň öňüsyrasyndaky elhençlikleri suratlandyrmak bilen başlanýar. Bu sürede öz ýaşaýyşlaryny Alla tagalanyň buýran dini Yslamyň kadalaryna amal etmek bilen geçiren kişiler üçin şol Günde hem hiç hili howp-hatar bolmaýandygy, imansyz ýaşan kimseleriň bolsa, ol Günde ryswa bolýandyklary tassyklanýar.

Mälim ki, eger Mekgede hasyl edilen sürelerinde söz, esasan, iman, ygtykat hakynda gitse, Medinede hasyl bolan sürelerinde Yslam şerigatyndaky kanun-kadalar zikr edilýär. Şunlukda, bu süre hem şoňa laýyk bolup, bu sürede Yslam dininiň baş sany ruknudan - bölekden bolan Haj ybadaty we Adam alaýhy-s-salamdan galan "Köne Öý-Beýtulla barada doly söhbet açylýar ki, süräniň "Haj" diýlip atlandyrylmagynyň sebäbi hem şudur.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Eý, ynsanlar, Perwerdigäriňizden gorkuň! Bu (kyýamat) sagady (öňünden ýüz berýän) ýer titreme uly hadysadyr.

2. Ony gören günüňizde ähli emdirýän (eneler) emdirip duran (çagasyny) unudar we ähli göwreli (aýallar) öz göwresindäkini taşlar, adamlary serimsal-serhoş halda görersiňiz, elbetde, olar serhoş däldir, ýöne Allanyň azaby gatydyr.

3. Adamlaryň arasynda özi bilmän Alla hakynda tykyraýanlar we her bir etagatsyz şeýtana tirkeşip gidiberýän kimseler hem bardyr.

4. Ol (şeýtana bolsa) özüni dost tutan kimsäni, elbetde, ýoldan azdyrmak we dowzah azabyna ýollamak ýazyp goýlandyr - höküm

edilendir.

5. Eý, ynsanlar, eger siz gaýtadan dirilmäge şübhede bolsaňyz, onda (serediň) Biz size (Allanyň gudratyny beýan etmek üçin sizi (ýagny, ataňyz Adamy) toprakdan, soňra (janly-jandary owal-a) nufta-dölden, soňra lagta gandan, soňra ýaradylyp biten-bitmedik (ýagny, ynsan suratynda şekillenip biten ýa-da bitmedik) bölek etden ýaratdyk. Biz (sizi) Özümiz islänimizçe - mälim mütdete çenli (ene) garnynda galdyryp, soňra çaga halyňyzda (ýagny, äleme) çykarýandyrys, soňra kämillige ýetýänçäňiz (hem Özümiz terbiýe edýäris). Sizden (çagalyk, ýaşlyk ýyllarynda) wepat tapýanlar hem bolar, ýene sizden (köp närse -bilimleri öwrenip) bileninden soň, hiç zady bilmän galmak üçin iň ýaman ömre (ýagny, garrap, muňalyp galmaga) gaýtarylan kişiler hem bolar, (Gaýtadan dirilmegiň) hakdygynyň ýene bir (delili şudur') - siz bu ýeri boş (öli) ýagdaýynda görersiňiz. Indi haçanda Biz onuň üstünden suw-ýagmyr ýagdyrsak, ol herekete gelip we güberçekläp we dürli-dümen gözel (nebadat) jübütleri öndürer.

6. Muňa sebäp, Allanyň Hakdygy we Onuň hemme zada kadyrlygydyr.

7. Ýene anyk ki, (kyýamat) sagady, şek-şübhesiz, gelýändir we, elbetde, Alla gabyrlardaky barça janly-jandary dirilder.

8-9. Adamlaryň arasynda özi bilmän we (Hak ýoluna) hidaýat kylman, hiç bir nurly kitaby alman (ýagny, anyk delil-hüjjetsiz) Dogry ýoldan boýun towlap, (özgeleri hem) Alla ýolundan azdyrmak üçin Alla barada tykaraýan kimseler hem bardyr. Ol (kimseler) üçin bu dünýäde ryswalyk-şermendelik bolar, kyýamat gününde bolsa, oňa ot azabyny dadyrarys.

10.*(We oňa diýeris): "Bu (azap) öz elleriňiz (bilen) eden günäňiz sebäplidir. Alla bendelerine hergiz zulum ediji däldir".*

11. Adamlar arasynda Alla bir çetde (ýagny, çyn ýürekden däl-de, dil udjundan) ybadat edýän kimseler hem bardyr. Bes, eger oňa (dindarlyk şerapatyndan) ýagşylyk ýetse, şol sebäpli hatyrjem bolar, eger islendik bir pitne-bagtsyzlyk ýetse (dinden) ýüz öwrüp gider. Ol ahyret dünede zyýan görer. Bu bolsa açyk-anyk zyýandyr.

12. Ol Allany goýup, özüne zyýan hem, peýda hem berip bilmeýän butlara dileg salar. Bu - ýoldan gaty azmagyň özüdir.

13. Ol, şek-şübhesiz, peýdasyndan zyýany ýakynrak butlara dileg salar. (Ýöne ol butlar) şeýle bir ýaman "hoja"dyr we şeýle bir ýaman "aşna"dyr!

14. Elbetde, Alla iman getirenleri, ýagşy amallar edenleri aşagyndan derýalar akyp duran jennetlere dahyl eder.

15.*(Elbetde, Alla Öz pygamberlerine kömek berer, indi) kimde-kim: "Alla hergiz oňa kömek etmez" diýip güman edýän bolsa, onda asmana ýüp oklap, (aýagyny ýerden) üzsün, (ýagny, özi üçin dar ýasap asylyp görsün), soň seretsin, bu hilesi onuň gazabyny gaçyrarmykan?!*

DÜŞÜNDIRIŞÇ. Bu aýata şeýle düşünmek gerek. Alla tagala Öz pygamberi Muhammet alaýhy-s-salama we yslam dinine ýardam-ýeňiş bermedi diýip oýlap ýören kimseler gowusy bir dar ýasap, özlerini assalar, makul bolardy. Bolmasa, Alla tagalanyň musulmanlara beren ýeňişini görüp, ol kimseleriň başlary hapaçylykdan çykman galar.

16. Biz ony (ýagny, Gurhany) ine, şeýle anyk-röwşen aýatlar(dan ybarat) ýagdaýda inderdik. Elbetde, Alla Öz islän kişilerini hidaýat eder.

17. Hakykatdan hem, iman getirenler, ýahudy kimseler, sabylar (perişdelere sygynýanlar), nasranylar, mujussiýler (otparazlar) we müşrik bolan kimseler - anyk ki, Alla kyýamat gününde olaryň arasyny açar (ýagny, möminleri jennete dahyl eder, kapyrlary

dowzaha giriftar) eder). Elbetde, Alla barça zada güwädir.

18.(Eý, Muhammet) siz asmanlardaky we Ýerdäki bar janly-jandaryň, Günüň, Aýyň, ýyldyz -laryň, daglaryň, daragtlaryň we (barça) janawerleriň hem-de köpden-köp ynsanlaryň (ýalňyz) Allaga sejde edişini görmediňizmi? Köp (adamlara bolsa, kapyr bolandyklary sebäpli) azap hak bolandyr. Kimi Alla har etse, bes, ony (hiç kim) eziz edip bilmez. Elbetde, Alla Öz halan işini eder.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat nobatdaky sejde aýatydyr.

19. Ine, şu iki ganym (möminler we kapyrlar) Perwerdigäriň (hak dini) hususynda talaşdylar (ýagny, möminler Allanyň hak dini bolan Yslamyň üstün bolmagyny islediler, kapyrlar bolsa, bu dini ýok etmäge çalyşdylar). Bes, kapyr bolan kimseler üçin ot-ýalyndan bolan geýimler biçildi, (indi) olaryň başyndan gaýnag suw guýulyp,

20. Ol (suw) olaryň içindäki närseleri hem, derileri hem eridip goýberer.

21. Olar üçin demir gürzüler bardyr.

22. Her haçan olar (dowzah) gam-azabyndan (gaçyp) çykmakçy bolsalar, (gürzüler bilen) ýene gaýtarylar we (olara): "Ot azabyny dadyp görüň" (diýiler).

23. Elbetde, Alla iman getiren we ýagşy amallar kylanlary aşagyndan derýalar akyp duran jennetlere dahyl eder. Olar ol ýerde altyndan bilezikler we lagly-merjenler bilen bezenerler, lybaslary bolsa ýüpek bolar,

24. Olar (bu dünede) hoş-hak söze (ýagny, Alla ýeke-ýeganadyr diýen söze) hidaýat edilerler we hamdy-sena eýesi - Allanyň ýoluna ýollanarlar.

25. Elbetde, özleri kapyr bolan we (özlerini) Alla ýolundan tesdiren hem-de Biz (Mekgede) duranlar üçin hem (başga ýurtlardan) gelenler üçin hem deň edilip goýlan Metjit-al-Hyramdan (tesen) kimseler we kimde-kim ol ýerde zulum hökmürowanlyk bilen ýoldan çyk-makçy bolsa, (bularyň her birine) alawly azaby dadyrarys.

26.(Eý, Muhammet) ýatlaň, Biz Ybraýyma Beýtullahyň ornuny (şol jaýa garap ybadat etmegi we ony abat etmegi üçin) belgiläp berip, (oňa şeýle diýipdik); "Sen Maňa bir zady hem şärik etmegin we Meniň Beýtimi - Öýümi togap edýänler, kyýam (ýagny, namazda dik-gaz duruş) rukug - sejde kyljaklar üçin päk tutgun! DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatdaky "Beýtullahyň ornuna" şeýle düşünmek lazym: Adam alaýhy-s-salam jennetden Ýere düşende, Alla tagalanyň emri bilen birinji bina eden jaýy Beýtullah bolupdyr. Şonuň üçin hem aşakdky aýatlarda ol "Köne Öý" diýilip hem atlandyrylýar. Emma Nuh pygamber zamanynda bolan tupan belasynda Alla tagalanyň permany bilen perişdeler ol öýi ýedinji asmana alyp çykypdyrlar. Hadysy şeripde aýdylyşyça, şol döwürden bäri asman-semadaky Beýtullaha her günde ýetmiş müň perişde • togap eder, emma Allanyň leşgeri bolan perişdeleriň sanagy şeýle derejede kän eken, hatda bir perişde iki gezek togap etmäge-de ýetişmez eken. Ana, şol asman-semaga alnyp gidilen Beýtullahyň ornuny Alla tagala Ybraýyma bildirip, şol ýerde barça musulmanlar üçin kybla-sejdegäh bolan Beýtullahy bina etmegi buýrupdyr.

27. We adamlar arasynda (ýörüp, olary) haja çykargyn, olar saňa (ýagny, seniň, çakylygyňa jogap edip) pyýada we uzak ýollardan horlanan düýeleri münüp gelerler.

28. Olar özleri üçin bolan (dini we dünewi) ýagşylyklara güwä bolmak üçin mälim günlerde (ýagny, Gurban baýramy günlerinde Allanyň) olara rysk edip beren çarwa mallaryny (gurban çalmak) hem Alla adyny zikr etmek üçin (gelerler). Bes, ondan özüňiz hem

iýiberiň, biçäre garyplara hem iýdiriň.

29. Soňra (gurbanlyk edenlerinden soň) olar kirlerini döksünler (ýagny, yhramdan çykyp, saçlaryny aldyryp, başga lybaslaryny geýsinler), nezirlerini (boýnundaky haj mejburyýetlerini-borçlaryny) doly eda etsinler we "Köne Öý" i togap etsinler!

30-31. (Hak söz) şudur. Kim Allanyň haram eden zatlaryna hormat (rioýa) kylsa, bes, bu Perwerdigäriň alnynda özi üçin ýagşydyr. Siz üçin (haramdygy) tilewat edilen (aýdylan) zatlardan başga (barça) çarwa mallar halal edildi. Bes, siz Alla üçin hakyky (ýoldan agmadyk musulman) bolan we Oňa çirk getiriji bolmadyk halyňyzda butlardan ybarat nejasatlardan daşlaşyň we ýalan sözden uzaklaşyň! Kim Allaga çirk getirse, bes, ol göýä (ony) asmandan gaýdan (bir wagşy) guş (olja edip) alyp giden ýa-da (güýçli) ýel uzak ýerlere uçuryp giden ýalydyr.

32. (Hak söz) şudur. Kim Alla kanunlaryna hormat etse, bes, (bu hormat) kalplarynyň takwalygy sebäpli bolar.

33. Siz üçin olarda (Beýtullahda gurban etmek üçin alyp barýan malla- ryňyzda) mälim mütdete çenli peýda bardy (ýagny, ýolda olar guzlasa, süýdüni sagyp içmek bolar). Soňra Köne Öýe (ýetenden soň), olary soýmak (wajypdyr).

34. Biz (sizden ozalky musulman milletlere hem) ähli millete olara (Allanyň) rysk edip beren çarwa mallaryndan Allanyň adyny zikr etmek üçin gurbanlyk etmegi buýrandyrys. Bes (diňe) hemmäňiziň Ylahyňyz bir Ylahdyr. Oňa boýun synyň! Etagat edýänlere hoş habar beriň!

35. Olar Allanyň ady zikr edilende, kalplary gorka düşýän, özlerine ýeten belalara sabyr-takat edýän, namazy doly berjaý edýän we

Biziň rysk edip beren zatlarymyzdan haýyr-yhsan edýänlerdir.

36. Biz düýeleri (Beýtullahda' gurban etmegi) siz üçin Allanyň kanuny etdik. Siz üçin olary (gurban etmekden) sogap bardyr. Bes, olar (soýmak üçin) taýýarlanyp goýlanda, Alla adyny zikr ediň. Indi haçan ýanbaşlary ýere degende, (ýagny, jan teslim edenlerinde), olardan (özüňiz hem) iýiberiň, (birewden bir närse soramaýan) kanagatly kişä we mätäçlere hem iýdiriň. Şükür etmegiňiz üçin Biz olary (düýeleri) boýun syndyrdyk.

37. Alla (eden gurbanlyklaryňyzyň) eti hem, gany hem ýetmez. Ýöne Oňa siziň takwalyk yhlasyňyz ýeter. Alla sizi hidaýat edeni sebäpli, Ony beýiklemegiňiz üçin (ýagny, gurban çalýan waggyňyzda Allanyň adyny zikr etmegiňiz üçin) olary size boýun syndyryp goýdy. Ýagşylyk edýänlere hoş habar beriň.

38. Elbetde, Alla iman getirenleri gorar. Elbetde, Alla ähli dönükleri we küfrana nygmat edýänleri söýmez.

39. Hüjüme uçraýanlara mazlum bolanlary sebäpli (jeň etmek) idini berildi. Elbetde, Alla olary ýeňiji etmäge kadyrdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ulamalaryň aýdyşlaryça, şu aýat musulmanlara jihad (Alla ýolunda söweş) etmek üçin berlen birinji rugsatdyr. Pygamber alaýhy-s-salamyň Mekgede duran wagtlarynda hem sahabalar onuň ýanyna köp gezek müşrik-müňkürleriň hüjümlerinden arz edip gelýärdiler. Ýöne ol: "Sabyr ediň, maňa heniz Perwerdigärim tarapyndan jeň etmäge rugsat berilmedi" diýip, olary yzyna gaýtarýardy. Hakykatda, Gurhany kerimdäki ýetmişden artyk aýatda musulmanlara zalym kapyrlara garşy jihad etmek idini berildi we bu jeňde, elbetde, Alla ýolunda göreşenleriň hökman ýeňiji boljakdygy aýan edildi.

40. Olar öz diýarlaryndan diňe: "Biziň Perwerdigärimiz (ýalňyz) Alladyr" diýenleri üçin kowlanlardyr. Eger Alla adamlaryň käbirlerini käbirleri bilen dep edip durmasa, şübhesiz, Allanyň ady köp zikr edilýän (rahybylaryň) uzlatgählери, (nasranylaryň) çerkewleri

(buthanalary), (ýahudylaryň) ybadathanalary we (musulmanlaryň) metjitleri weýran bolardy. Elbetde, Alla Özüne (dinine) kömek berýänleri üstüi eder. Şübhesiz, Alla güýçli, gudratlydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatdaky bir nokat aýratyn düşündirişe laýykdyr. Musulmanlaryň mukaddes Kitaby bolan Gurhanda metjitler özge dindäkileriň ybadathanalaryndan soň - dördünji orunda zikr edildi. Mundan mälim bolşuna görä, Yslam döwletinde özge dinli adamlar musulmanlar bilen deň hukuga eýe bolýarlar.

41 Olary (ýagny, musulmanlary) eger Biz Ýer ýüzüne ýeňiji kylsak, olar namazy doly eda edýärler, zekaty bagyş edýärler, ýagşylyga buýrýarlar, ýamanlykdan gaýtarýarlar. (Ähli) işleriň akybeti Allanyň (eradasyndadyr).

42. (Eý, Muhammet), eger olar (ýagny, Mekge müşrikleri) sizi ýalançy hasaplasalar, (bilip goýuň) olardan ozal Nuh kowumy, Aat, Samud kabylary hem (özlerine iberilen pygamberleri) ýalançy hasaplandyrlar.

43-44. Ybraýym kowumy (Ybraýymy), Lut kowumy (Luty), Madýan (şäheriniň) ili (Şuaýby ýalançy hasaplandyrlar). Musa hem ýalançy hasaplandy. Men bolsa, kapyr bolan kimselere möhlet berip, soňra olary (Öz azabym bilen) tutdum. Bes, Meniň (olaryň küfrleri üçin) inkärimiň nähili bolandygyny (görüň)!

45. Şunlukda, näçe-näçe zalym-kapyr bolanlary üçin Biziň heläk eden, jaýlary (ýykylyp), gugaryp galan oba-şäherler, näçe taşlanan guýular we (hiç kimsiz) uly gurlan galalar bardyr.

46. Olar (ýagny, Mekge müşrikleri) Ýer ýüzünde seýr edip aýlanmadylarmy? (Ana, şonda) olarda dana ýürekler, eşidýän gulaklar ýokmudy? Meger, gözleri kör bolman, köňülleri kördür.

47. Olar sizden (sabyrsyzlyk bilen Allanyň wada eden) nagt azabyny talap edýärler. Elbetde, Alla Öz wadasyna hergiz ters iş etmez.

Ýene-de Perwerdigäriňiziň alnyndaky bir gün (azap) siziň hasap-kitabyňyzdaky müň ýyla barabardyr.

48. Niçe-niçe zalym-kapyr bolanlara Men möhlet berip, soňra (azabym bnen) tutan oba-şäherlerim bolandyr. Ýalňyz Maňa dolanjaksyňyz.

49. Aýdyň: "Eý, ynsanlar, men siziň üçin bir açyk duýduryjydyryn, bolany."

50. Bes, iman getiren we ýagşy amallar edenler üçin magrypat we uly rysk bolar.

51. Biziň aýatlarymyza garşy göreşmäge urnan kimseler - olar jähennem eýeleridir.

52. (Eý, Muhammet), Biziň sizden öň iberen her bir pygamberimiz - ilçimiz bar bolup, haçan (olardan biri özüne hasyl kylnan aýatlary) kyrat etse, şeýtan onuň kyratyna (aýatda bolmadyk sözleri) oklandyr (goşjak bolandyr). Bes, Alla şeýtanyň oklaýan närsesini bikär eder, soňra Alla Öz aýatlaryny mustekam kylar (pugtalandyrar). Alla ylym we hikmet eýesidir.

53. (Alla) şeýtanyň oklaýan närsesini kalblarynda merez bolan (mynapyklar) daş göwün kimseler (ýagny, kapyrlar) üçin pitne-synag etmek üçin (peýda kylar). Hakykatda, zalym-kapyrlar ebedi howatyrdadyrlar.

54. We ylym bagyş edilen kişiler onuň (Gurhanyň) Perwerdigäriňiz tarapyndan gelen Hakykatdygyny bilip, oňa iman getirsinler, bes, kalblarynyň teskin tapmagy üçin (Alla) şeýle eder. Hakykatdan, Alla iman getirenleri Dogry ýola düşürýändir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Käbir rowaýatlara garaňda, ýokardaky üç aýatyň hasyl bolmagyna şeýle bir waka sebäp bolupdyr. Bir gün pygamber alaýhy-s-salam Gurhan sürelerinden "Wan - nadjmi' kyrat edip otyrka,

şeýtanyň was-wasy bilen ýalňyşyp, aýaty Gurhanda bolmadyk sözleri hem goşup goýberýär. Muňa şol ýerde häzir bolan mynapyklar, kapyrlar şatlanyp, hoşal bolýarlar. Ýöne Alla tagala derrew Öz pygamberini bu hatadan habardar edýär we birnäçe aýatlary inderip, bu işiň ýöne ýerden bolmadygyny, belki, mynapyklar we kapyrlary ýene bir gezek synamak hem-de möminleriň imanlaryny ýene-de zyýada etmek üçin bolandygyny bildirýär.

55. Kapyr bolan kimseler tä olara duýdansyz (kyýamat) sagady gelýänçä ýa-da dogmaz (ýagny, ertiri bolmadyk) Günüň azaby gelýänçä, Gurhana şek-şübhededirler.

56. Ol Günde patyşalyk (ýalňyz) Allanyňkydyr. Onuň Özi olaryň arasynda eminlik eder. Bes, iman getirenler we ýagşy amallar edenler näz-nygmatlardan (doly) jennetdedirler.

57. Kapyr bolan we Biziň aýatlarymyza ýalan diýen kimseler üçin har ediji azap bardyr.

58. Alla ýolunda hijret edeni, soňra öldürilen ýa-da wepat bolanlary, elbetde, Alla gözel rysk (ýagny, baky jennet) bilen rysklandyrar. Hakykatdan, Allanyň diňe Özi ýagşy rysk berijidir.

59. Elbetde, (Alla) olary özleriniň razy boljak jaýyna – jennete dahyl eder. Hakykatdan hem, Alla biliji we helimdir.

60.(Hak söz) şudur. Kim özüne berlen azap-ukybat barabarynda öç alsa, soňra oňa ýene zulum-zorluk edilse, elbetde, Alla ol (mazluma) kömek eder. Hakykatdan hem, Alla bagyşlaýjy, geçirimlidir.

61. Muňa (ýagny, Allanyň mazluma kömek bermegine) sebäp, Allanyň gijäni gündize girizişi ýaly (ýagny, gijäni gysgaldyp, Gündizi uzak edişi ýaly) we gündizi bolsa, gijä girizişi (ýagny, Onuň Özi islän zadyna kadyr boluşy ýaly), şek-şübhesiz, Allanyň eşidýändigi we görýändigidir.

62. Muňa sebäp, Allanyň diňe Özüniň hakyky Ylahdygydyr we siziň Ony goýup, dileg edýän butlaryňyzyň bolsa, batyldygydyr hem-de, şek-şübhesiz, Allanyň diňe Özüniň iň beýik we Ulugdygydyr.

63. Allanyň asmandan suw - ýagyş ýagdyryp (ähli) ýeriň göm-gök bolşuny görmediňizmi?! Hakykatdan, Alla mähriban we ägädir (habardardyr).

64. Asmanlardaky we Ýerdäki bar zat Onuňkydyr. Hakykatdan, diňe Allanyň Özi bihajat we hamdy-sena sahybydyr.

65. Allanyň size Ýerdäki närseleri we deňizde Onuň emri bilen ýüzüp ýören gämileri boýun syndyryp goýanyny hem-de Özüniň asmanyň ýere ýykylmagyndan saklap durşuny, meger (asmanyň) diňe Onuň idin-eradasy bilen (ýykylmagynyň mümkinligini) görmediňizmi?! Hakykatdan hem, Alla adamlara mähriban we rehimlidir.

66. Ol size ýaşaýyş beren, soňra (ajalyňyz ýetende) ölüm berýän, soňra (kyýamat kaýym bolanda ýene) ýaşaýyş berýändir. Hakykatdan, ynsan küfrany nygmat edijidir.

67. Biz bärça millete gurbanlyk etmek (kanunyny) buýrandyrys olar şol (kanuna) amal edýänlerdir. Bes, (Eý, Muhammet) olar siz bilen (gurbanlyk) işi dogrusynda hergiz dawalaşmasynlar! Siz (adamlary) Perwerdigäriňize çagyryň! Elbetde, siz Dogry ýol üstün- desiňiz.

68. Eger olar siz bilen mujadala kylsylar (tykyrasalar) onda aýdyň: "Alla siziň edýän (ýaman) işleriňizi örän ýagşy bilýändir.

69. Alla kyýamat güni siziň dawa edip öten zatlaryňyz hakynda araňyzda höküm (eminlik) eder."

70.*(Eý, Muhammet), siz Allanyň asmanlardaky we Ýerdäki bar zady bilýändigini bilmediňizmi?! Elbetde, bu Kitapda (ýagny*

Lawhul-Mahfuzda ýazyp goýlandyr). Elbetde, bu Alla aňsatdyr.

71. Olar (ýagny, Kureýş kapyrlary) Allany goýup, Onuň (ylahdygyna) birem hüjjet indermedik we özleriniň hem bilmeýän zatlaryna ybadat edýärler. Bu zalymlar üçin bir ýardamçy-da ýokdur.

72. Haçan olara Biziň açyk-röwşen aýatlarymyz tilewat edilse, kapyr bolan kimseleriň ýüzünde inkär (alamatyny) duýarsyňyz. Olar özlerine Biziň aýatlarymyzy tilewat edýänlere topulmaga ýakyndyrlar. (Siz olara) aýdyň: "Indi men size mundan hem ýaman närsäniň habaryny bereýinmi? (Ol) Allanyň kapyr bolan kimselere wada eden dowzahydyr. Şeýle bir ýaman akybet ol!" (diýip).

73. Eý, ynsanlar, bir tymsal aýdylandyr, bes, oňa gulak salyň! - Anyk ki, siziň Allany goýup, sygynýan butlar(yňyzyň) eger hemmesi birleşende hem, bir çybyn ýaradyp bilmezler, eger çybyn olardan bir närsäni çekip alsa, ony (şol çybyndan hem) gutaryp bilmezler. (Diýmek, şol butlardan hajatyny rowa kylmagyny) soraýan (müşrik) hem, soralýan (butlar) hem çäresizdir.

74. Olar Allanyň hakyky beýikliginiň gadyryny bilmediler. Haky-katda, Alla güýçli, gudratlydyr.

75. Alla perişdelerden hem, ynsanlardan hem ilçi-resul saýlar. Hakykatdan hem, Alla eşidijidir, görüjidir.

76. Ol olaryň öňlerindäki we yzlaryndaky ähli boljak zatlary biler. We (barça) işler ýalňyz Alla gaýtarylar.

77. Eý, möminler, ruku ediň, sejde ediň Perwerdigäriňize ybadat edip, ýagşylyk ediň - hökman najat taparsyňyz.

78. We Alla (ýolunda) Onuň yhlasyna laýyk jihad (göreş) ediň! Onuň Özi sizi (şu mukaddes din üçin) saýlady we bu dinde size birem haraj - kynlyk etmedi. Ataňyz Ybraýymyň dinini (ýagny, Yslamy

tutuň)! Täki (kyýamat gününde) pygamberiň siziň üstüňizde güwä bolmagy üçin, siziň bolsa (barça dinlerdäki) adamlaryň üstünde güwä bolmagyňyz üçin (Allanyň) Özi sizi öň(ki mukaddes kitaplarda) hem, ine, şu (Gurhanda) hem musulmanlar (ýagny, Özüniň dinine boýun synyjylar) diýip atlandyrdy. Bes, namazy doly berjaý ediň, zekady (hak eýelerine) eda ediň we Allaga baglanyň! Ol siziň Eýäňizdir. Bes, Ol nägadar ýagşy Eýe we nägadar ýagşy medetkärdir.

23. MÖMINLER SÜRESI

Bir ýüz on sekiz aýatdan ybarat bu süre Mekgede hasyl bolandyr. Süre Alla tagalanyň birligi we birligine hem-de Muhammet alaýhy-s-salamyň Onuň soňky pygamberidigine iman getiren möminler, Firdöws bagtlaryna mirasdar bolmak üçin haýsy amallary edip, haýsy amallardan saklanmagyň gerekdigini beýan etmek bilen başlanýar. Şu sebäpden ol "Möminler" diýlip atlandyrylandyr.

Bu sürede hem geçmişdäki käbir pygamberler we olara müşrikler tarapyndan berlen azarlaryň zikr edilmegi bilen pygamber alaýhy-s-salama Mekge kapyrlarynyň ýetiren ezetlerinden teselli berilýär.

Süräniň mehweri - oky, esasan, bu dünýädäki ýaşaýyş, ynsanyň uzyn ömür ýolundaky birinji basgançakdan ätläp ötülenden soň, ahyretdäki ebedi ýaşaýyş üçin gaýtadan dirilmegiň hakdygynyň töwereginde pikir öwrülýär.

Ýene bu sürede ömürlerini küfr bilen ötüren kimseleriň "sakaratul mawt - ölüm karkarasy" çagynda çekýän azaplary, ajallary ýetip, arzuw hyýallary puja çykan wagtynda çekýän efsun-nedamatlary hem beýan edilýär.

Süre adamlaryň iki taýpa - bagtly we betbagtlara bölünýän, her hili nesil-nesip, garyndaş-urugçylykdan dönilýän, diňe imanyň we edilen ýagşy amallaryň peýda berýän kyýamat gününi habar bermek bilen tamamlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň Ady bilen:

1. Hakykatdan hem musulmanlar najat tapdylar.

2. Olar namazda (gorky we umyt bilen) boýun egýän kişilerdir.

3. Olar beýhuda-peýdasyz (söz we amallardan) ýüz öwürýän kişilerdir.

4. Olar zekaty (eda) edýän kişilerdir.

5. Olar synalaryny (haramdan-zynadan päk) saklaýan kişilerdir.

6. Meger öz jübüti-halallaryndan we gol astyndaky gyrnaklaryndan (saklanmaýarlar). Bes, olara melamat edilmez.

7. Indi kim şundan özgäni (ýagny, zyna we Yslam şerigatynda haram edilen başga zatlary) islese, bes. ana, şolar hetden aşýanlardyr.

8. Olar (ýagny, möminler) özlerine ynanylan amanatlara we (özgelere) beren ähdi-peýmanlaryna wepa edýän kişilerdir.

9. Olar namazy wagtynda eda edip (namazy kaza bolmakdan) saklaýan kişilerdir.

10-11. Ana şolar Firdöws (jennetine) mirasdar bolýan waryslardyr. Olar şol jaýda baky galarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlardan mälim bolşuna görä, möminleriň medet tapyp, bagt-sagadata eýe bolmaklary üçin, Firdöws jennetine girmekleri üçin şu gylyk-häsiýetlere eýe bolmaklary gerek eken.

12.(Kasam ki), Biz ynsany (ýagny, Adam alaýhy-s-salamy) palçygyň maňzyndan ýaratdyk.

13. Soňra ony (barça ynsanlary owal-a) mäkäm karargähdäki (ýagny, ýatgydaky) nufta - tohum etdik.

14. Soňra bu nuftadan lagta gan ýaradyp, lagta gandan parça eti ýaradyp, parça etden sümüklerini ýaradyp, bu sümüklere et gapladyk, soňra (oňa jan girizip), owal başdaky bir damja suw nuftadan bütünleý başga janly zat peýda kyldyk. Bes, iň gözel ýaradyjy (ýagny, ýokdan bar ediji bolan) Alla bereketli, beýikdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatda adamyň ene garnyndaky bir damdja suwdan tä diri, kämil ynsana öwrülýänçä geçýän wagt Ýaradanyň Öz ylahyý galamy bilen anyk-röwşen kylyp, ýazyp berildi.

15. Soňra, şek-şübhesiz, siz (eý, ynsanlar), ine, şundan (ýagny, ýaradylyp, ýaşaýyş dünýä geleniňizden) soňra (ajalyňyz ýeten soň) elbetde, wepat tapjaksyňyz.

16. Soňra, şek-şübhesiz, siz kyýamat gününde gaýtadan dirilersiňiz.

17.*(Kasam ki), Biz siziň üstüňizde ýedi ýoly (ýagny, ýedi gat asmany) ýaratdyk. Biz Öz halkymyzdan gapyl bolmadyk.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Teswirçi ulamalaryň aýtmagyna görä, bu aýatda ýedi gat asmanyň ýedi ýol diýlip atlandyrylyşyna şeýle düşünmek lazym Alla tagala ynsany we barça mahlukaty ýaradandan soň, olaryň halyndan gapyl bolup galan däldir, belki, olara rysky-ruz ýagyp durmagy üçin üstlerinde ýedi ýol – ýedi asmany peýda kyldy.

18. We Biz asmandan (anyk) ölçeg bilen suw (ýagmyr-gar) ýagdyryp, ony ýere ornaşdyrdyk. Şek-şübhesiz, Biz ony gidermäge hem kadyrdyrys.

19. Soň, Biz siz üçin ol (suwuň) ýardamy bilen hurma we üzüm baglaryny peýda kyldyk. Siz üçin ol (baglarda) köp miweler bolar, siz olardan iýersiňiz.

20. Ýene (biz siz üçin) Tury Sina (dagyn)dan çykan ýagly we ýolagçylar üçin (nan) huruş bolýan bir daragty (ýagny, zeýtuny ýaratdyk).

21. Elbetde, siz üçin çarwa mallarynda hem ybrat bardyr - Biz sizi olaryň garnyndaky süýt bilen suwarýarys, ýene siz üçin olarda (ýüňünden geýim dokamak, münmek ýaly) köp peýdalar bardyr, şeýle hem olar(yň et-ýaglaryn)dan iýersiňiz.

22. Ýene olaryň üstünde we (derýa-deňizlerde bolsa) gämilerde ýük daşaýarsyňyz.

23. (Kasam ki), Biz Nuhy öz kowumyna pygamber kyldyk. Bes, ol: "Eý kowumym, Alla ybadat ediň! Siz üçin Ondan özge ylah ýokdur.

Gorkaňzokmy ahyry?!" diýdi.

24. (Şonda) onuň kowumyndan kapyr bolan kimseler: "Bu hem edil size meňzeş adam. (Diňe) sizden üstün bolmakçy. Eger Alla (pygamber ibermegi) islesedi, perişdelerini indererdi. Biz bu (Nuhuň aýdýan Alla ýeke-ýeganadyr diýen sözü)ni owalky ata-babalarymyzdan eşitmändik.

25. Ol (ýagny, Nuh) diňe bir jynlan adamdyr. Bes, oňa bir (az) wagtlap gözegçilik ediň (eger şu sözünden gaýtmasa, öldürip goýberiň)" diýdiler.

26. (Nuh) aýtdy: "Perwerdigärim, olaryň meni ýalançy hasaplaýandyklary sebäpli, Özüň maňa ýardam kylgyn (we olary heläk etgin)".

27. Bes, Biz oňa wahyý kyldyk - Biziň hemaýatymyzda we Biziň wahyý - tälimimiz bilen bir gämi ýasagyn. Bes, haçan Biziň permanymyz gelip, taňňurdan (ýerden ot ornuna) suw atylýan wagtynda, gämä her (janly-jandardan) bir jübütden we öz ili-maşgalaňy salgyn. Ýöne (kapyrlardan) haýsy kimseleriň üstünde Biziň sözümiz (ýagny, suwa gark boljagy hakyndaky hökümimiz) öten bolsa (olary terk etgin), hem-de ol zalym kimseler hakynda (ýagny, olara ňajat bermegimi sorap) Maňa doga-dileg kylmagyn. Olar, şek-şübhesiz, gark ediljekdir.

> *DÜŞÜNDIRIŞ. Käbir sahabalar "taňňur"dan myrat barça ýer ýüzi diýen pikiri hem aýdypdyrlar. Şonuň üçin biz Hud süresiniň 40-njy aýatynda taňňury ýer diýip hem termije edendiris.*

28. Indi haçan özüň we seniň bilen bile bolan adamlar gäminiň üstünde jaýlaşanda, aýtgyn: "Bizi zalym kowumdan gutaran Allaga hamdy-sena bolsun".

29. Ýene aýt: "Perwerdigärim, meni bir mübärek menzile düşürgin. Seniň Özüň iň ýagşy menzile düşürijisiň".

30. Elbetde, munda (Nuh we onuň kowumy majarasynda) aýat-ybratlar bardyr. Biz synap gerýändiris.

31. Soňra Biz olardan soň başga nesilleri (ýagny, Aat kabylasyny) wujuda getirdik.

32. Biz olara özlerinden bolan bir pygamberi (ýagny, Hudy) iberdik (0l aýtdy): "Allaga ybadat ediň! Siziň üçin ondan özge ylah ýokdur. Gorkaňzokmy ýa?!"

33. Onuň kowumyndan kapyr bolan, ahyretdäki mylakaty ýalan diýen we Biziň pany dünýäde baý, döwletment eden kimselerimiz diýdiler: "Bu hem edil siziň ýaly adam. Ol hem siziň iýýän zadyňyzdan iýýär. siziň içýän zadyňyzdan içýär.

34. Kasam ki, eger siz özüňiz ýaly adama etagat kylyp (öz butlaryňyzdan geçseňiz) onda, elbetde, zyýan görersiňiz.

35. Ol size ölüp, topraga we süňke öwrüleniňizden soň, elbetde, gabryňyzdan çykaryl- jaksyňyz diýip, wada berýärmi?

36. Size wada kylnan zat judu-juda uzakdyr.

37. Ýaşaýyş diňe (şu) dünedäki ýaşaýyşymyzdyr. (käbirlerimiz) ölsek, (başgalarymyz) dünýä gelýäris. Biz asla gaýtadan dirilmeris.

38. Ol (ýagny, Hud) diňe Alla şanyna ýalan ýöňkän kimsedir. Biz oňa iman getirjek däldiris".

39.(Şonda Hud) aýtdy: "Perwerdigärim, meni ýalançy hasaplanlary üçin Özüň maňa ýardam kylgyn (we olary helak etgin)".

40.(Alla) diýdi: "Az (wagtdan) soň olar, elbetde, nedamat edijilere öwrülip galarlar".

41. Bes, hakly röwüşde olary (elhenç) gykylyk tutup, Biz olary has-haşala öwürdik. Ol zalym kowuma heläket bolgaý.

42. Soňra, olardan soň başga nesilleri peýda kyldyk.

43. Bir millet hem öz ajalyndan ozup gidip bilmez (ony) yza hem sürüp bilmez.

44. Soňra, yzly-yzyna (ýene) pygamberler iberdik. Her haçan bir millete öz pygamberleri gelse, ony ýalançy hasapladylar. Bes, Biz olary (ol imansyz milletleri) birin-birin (heläk etdik) we olary (adamlar arasynda göçüp ýören) gepe (rowaýatlara) öwürdik. Bes, iman getirmeýan kowuma heläket bolgaý.

45-46. Soňra Biz Musa we onuň dogany Haruny Öz aýat-mugjyzalarymyz we açyk hüjjet bilen Firawun we onuň adamlaryna pygamber edip iberenimizde, olar kibri-howa (men-menlik) kyldylar. Olar tekepbir kowumdylar.

47. Bes, aýtdylar: "Edil özümiz ýaly iki kişä iman getirerismi?! Gaýta, olaryň kowumy (ýagny, Beni Ysraýyl) bize gulluk edijilerdir".

48. Bes, ikisini ýalançy hasaplap, heläk edilýänlerden boldular.

49. Hakykatdan, Biz Musa (Beni Ysraýyl kowumy) hidaýat tapmagy üçin Kitap - Töwrady eda etdik.

> 50.*(Soň) Meremiň ogly (Isany) we onuň enesi (Meremi Biziň gudratymyza delalat kylýan) aýat-alamat kyldyk we ikisini bir akar suwly belent-görkli karargähe ýerledik.*
>
> 51.*(Iberen barça pygamberlerimize şeýle diýdik): "Eý, pygamberler, halal-päk tagamlardan iýiň we ýagşy amallar ediň! Elbetde, Men edýän amallaryňyzy bilýändirin.*

52. Şek-şübhesiz, (barçalaryňyzyň) milletiňiz (ýagny, diniňiz) bir millet (ýagny, Yslamdyr). Men bolsa, siziň Perwerdigäriňizdirin, bes,

Menden gorkuň!".

53. Soň, (adamlar) işlerini (ýagny, dinlerini) böleklere bölüp goýberdiler. Her bir topar öz öňlerindäki närse (din) bilen hoşaldyrlar.

54. Bes, (eý, Muhammet), siz (mälim) wagta çenli olary (ýagny, Mekge müşriklerini) öz gaflatlarynda galdyryň!

55-56. Olar Biziň olara berýän mal-döwletimizi we çagalaryny özleri üçin (Biziň) ýagşylyklary tizleşdirdigimiz diýip oýlaýarlarmy?! Ýok, olar (gaflatlarynyň ýene-de zyýada bolmagy üçin edilýändigini) duýmadylar.

57. Elbetde, Perwerdigärinden gorkup, howpda bolýan kişiler,

58. Perwerdigäriniň aýatlaryna iman getirýän kişiler,

59. Perwerdigärine şek getirmeýän kişiler,

60. (Garyp biçärelere) beren sadakalaryny (kyýamat güni hasap-kitap üçin) Perwerdigäre dolanjakdyklaryndan kalbynda gorky bar bolup (sadaka) berýän kişiler,

61. Ana, şolar, diňe barçadan öňde bolan ýagdaýlarynda ýagşylyk etmäge howlugarlar.

62. Biz hiç bir jany tagatyndan artyk närsä teklip etmeris. Biziň dergahymyzda diňe haky sözleýän kitap (ýagny, her bendäniň namaýy-amallary bellenýän kitap) bardyr. Olara (kyýamat güni ýagşylyklaryny ýaşyrmak we ýamanlyklaryny hetden aşyrmak bilen) zulum edilmez.

63. Ýok, (kapyrlaryň) göwünleri mundan (möminleriň ýokarda aýdylan fazylatlaryndan-borçlaryndan) gaflatdadyr. Olaryň mundan başga öz zdýän (dinsizlik, ikiýüzlülik, çirk we dilizarlyk ýaly)

amallary bardyr.

64. Täki, haçan Biz olaryň boýunlaryny azaba giriftar kylanymyzda (ýagny, mal-döwletlerini giderip, aç-ýalaňaç edip goýanymyzda), olar biygtyýar perýat ederler.

65. (Şonda Biz diýeris): "Indi bu gün perýat etmäň! Size Biz tarapdan (hiç hili) ýardam bolmajagy anykdyr.

66. (Çünki) size Meniň aýatlarym tilewat edilende, siz yza tesipdiňiz.

67. (Beýtullah biziňki diýip) onuň bilen tekepbirlik edip, gijeki söhbetleriňizde (Gurhan hususynda) bihuda sözler aýdýardyňyz".

68. Ahyr olar bu sözi - Gurhany oýlap, pikir edip görmedilermi ýa-da olara owal öten ata-babalaryna gelmedik zat geldimi (ýagny, olara hem Alla tarapyn pygamberler kitap bilen gelipmidi)?!

69. Ýa-da öz pygamberleriniň (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salamyň ynançly, rastgöý we hoşhulk ynsandygyny) tanaman, ony inkär ediji boldularmy?!

70. Ýa-da: "Onda (Muhammetde) jynlylyk bar" diýdilermi?! Ýok! (Muhammet) olara Hakykaty getirdi. Olaryň köpüsi bolsa, hakykaty ýaman görýänlerdir.

71. Eger Hakykat - Gurhan olaryň howaýy nebislerine eýersedi (onda Allanyň, şärikleri bar diýen gep gelsedi) elbetde, asmanlar, Ýer we olardaky bir janzat (barlyk) bozulyp - heläk bolardy. Ýok, Biz olar üçin ýatlatma getirdik, olar bolsa özlerine (gelen) ýatlatmadan ýuz öwürýänlerdir.

72.(Eý, Muhammet), ýa-da siz olardan harç (ýagny, Gurhan aýatlaryiy getireniň öwezine hak) soramakçymysyň? (Ýok, siz olardan hergiz harjy soramarsyňyz, çünki) Perwerdigäriňiziň harjy -

berjek sylagy ýagşyrakdyr. Ol iň ýagşy rysk berijidir.

73. Şek-şübhesiz, siz olary diňe Dogry ýola çagyrarsyňyz.

74. Elbetde, ahyrete iman getirmedik kimseler bu ýoldan azýandyrlar.

75. Eger Biz olara rehim-şepagat etsek we olar bilen bolan närsäni (gahatlygy) aýyrsak, şek-şübhesiz, olar ýene öz kejirlikleri bilen azaşyp ýörmäge gaýdarlar.

76. Ine, Biz olary azap-açlyk bilen tutduk. Olar bolsa, ne Perwerdigäre boýun egdiler, ne-de bir toba-tagsyr etdiler.

77. Täki, haçan Biz olara gaty azap-açlyk, gahatçylyk derwezesini açyp goýanymyzda bolsa, gürrüňsiz, olar namut bolardylar.

DÜŞÜNDIRIŞ.Rowaýat etmeklerine görä, Mekge müşrikleri pygamber alaýhy-s-salamyň gargyşyna uçrap, açlyga giriftar bolsalar-da, iman getirmänlerinden soň, olara "azap derwezesi açylyp", bu açlyk ýedi ýyl dowam edipdir. Şonda Kureýş ýaşulylary bütünleý umytsyzlyga düşip; pygamber alaýhy-s-salamyň ýanyna gelenlerinde, Alla tagala oňa, kapyrlara ýene-de bolçulyk berilse, olaryň men-menligine gaýtjakdygy hakda habar berýär. Ýokarda aýdylan üç aýaty-Kerim şu hakdadyr.

78.(Alla) siziň üçin gulak, göz, kalp berendir. Siz bolsa kemden-kem şükür edýärsiňiz.

79. Ol sizi Ýer ýüzünde ýaradyp, her tarapa (ýaýradyp) goýberendir we siz (kyýamat güni) Onuň huzuryna toplanarsyňyz.

80. Ol ýaşaýyşy we ölümi berýändir. Gije we gündiziň üýtgäp durmagy hem Onuň (eradasyndadyr). Akyl ýeretmeýärsiňizmi?!

81. Ýok, olar hem edil owalkylaryň aýdan sözlerini aýtdylar:

82. Olar diýdiler: "Biz ölüp, topraga we süňke öwrülenimizden soň, gaýtadan dirilerismi?!

83. Çünki, bize hem, geçen ata-babalarymyza hem, ine, şu wada berlipdir. Bu diňe owalkylaryň efsana - rowaýatlarydyr".

84.*(Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Eger bilýän bolsaňyz, (hany aýdyň), bu Ýer we ondaky bar janzat kimiňki?"*

85. Olar: "Allanyňkydyr" diýerler. Aýdyň: "Bes, (şundan) ybrat-görelde almaýarsyňyzmy?!"

86. Aýdyň: "Ýedi asmanyň eýesi we beýik Arşyň sahyby kimdir?!"

87. Olar: "(Bularyň hemmesi) Allanyňkydyr" diýerler. Aýdyň: "Onda gorkaňzokmy?!"

88. Aýdyň: "Eger bilseňiz (hany aýdyň), hemme zadyň patyşalygy elinde bolan, Özi (hemmä) hossarlyk edýän, Oňa bolsa hiç zat hossarlyk edip bilmeýän kimdir?!"

89. Olar: "(Beýle patyşalyk we hossarlyk ýalňyz) Allanyňkydyr" diýerler. Aýdyň: "Bes, siz ýalňyşýan-a dälsiňiz?!" (diýip).

90. Ýok,' Biz olara gaýtadan dirilmek hakynda hakykaty getirdik. Olar bolsa, barybir ýalançylardyr.

91. Allanyň perzendi ýokdur we Onuň ýanynda (başga) birem ylah bolan däldir. Ýogsam, elbetde, her bir ylah öz ýaradan zady bilen gidip, biri-birinden üstün bolardylar (ýagny, her bir "ylah" öz hökümini geçirjek bolup, netijede Ýer hem asman bozulyp giderdi). Alla olaryň aýdýan şeklerinden päkdir.

92. Ol gaýybu-şahadaty (ýagny, ýogy-bary) bilýändir. Bes, ol (müşriklerkiň) şeklerinden beýikdir.

93. Aýdyň: "Perwerdigärim, eger Sen maňa, (kapyrlara) wada edilen (azab)yň (olaryň, üstüne düşenini) gerkezen bolsaň,

94. Perwerdigärim, (şol sagatda) meni şol zalym kowum bilen bile goýmagyn".

95. Elbetde, Biz size olara wada edilen (azaby) görkezmäge-de kadyrdyrys.

96. Siz (olaryň eden) ýamanlygyny iň gözel sözler bilen dep ediň! Biz olaryň (sizi masgaralap) aýdan geplerini örän ýagşy bilýändiris.

97. We aýdyň: "Perwerdigärim, Men Senden şeýtanlaryň was-wasyndan pena bermegiňi soraýaryn.

98. Ýene men Senden (ýa) Perwerdigärim, olaryň, meniň huzuryma gelmeginden pena bermegiňi soraýaryn".

99. Täki, haçan olardan (ýagny, müşriklerden) birine ölüm gelende, "Perwerdigär, meni (şu dünýä) gaýtaryň.

100. Şonda men galan ömrümde ýagşy amal etsem" diýip galar. Ýok! (Olar asla ýaşaýyşa gaýtarylmaz). Hakykatdan, bu (jan berýän her bir kapyryň) aýdýan sözüdir. Olaryň yzynda tä gaýtadan dirilýän günlerine çenli (dünýä gaýtarylmakdan saklap duran) bir bent bolar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Nakl edişleriçe, ömrüni küfr-ýalňyşlyk bilen sowran kimsä ölum sagady gelende, şeýle azaba duçar edilýär ki, bu azap bilen deňeşdireniňde, pany dünýädäki azaplar rahat bolup görünýär. Jähennemde ol şeýle bir azaba giriftar bolýar ki, ölüm ýassygyndaky görlen azap, onuň ýanynda rahatlyga deňdir.

101. Bes, haçan sur çalnanda (ýagny, kyýamat kaýym bolanda), ana, şol Günde olaryň arasynda hiç hili nesil-nesip galmaz we olar bir-birleri bilen 'sorag-jogap hem edip bilmezler.

102. Indi kimiň (sogap) mizany (günäsinden) agyr gelse, bes, ana şolar najat taparlar.

103. Kimiň mizany (terezisi - ölçegi) ýeňil bolsa, (ýagny, ýamanlyklary ýagşy amallaryndan agdyk gelse), bes, ana, şolar özlerine zyýan edipdirler. Olar jähennemde baky galarlar.

104. Olaryň ýüzlerini ot köýdürip, bedroý bolup galarlar.

105.(Olara): "Size Meniň aýatlarym tilewat edilmänmidi, siz olary ýalan diýmän- midiňiz?!" (diýilende),

106. Olar diýdiler: "Perwerdigär, betbagtlygymyz bizden üstün gelip, azaşan kowum bolupdyrys.

107. Perwerdigär, bizi jähennemden (pany dünýä) çykargyn. Bes, eger ýene (küfre) gaýtsak, onda, şek-şübhesiz, (öz janymyza) jebir edijilerdiris".

108.(Alla) aýtdy: "(Jähennemde) hor boluň we Maňa söz gatmaň!

109. Anyk ki, Meniň bendelerimden bir topary bardy. Olar: "Perwerdigär, (Özüňe) iman getirdik. Bes, sen bizi magrypat etgin we bize rehim eýle. Sen Özüň rehim edýänleriň ýagşysy Sen" diýýärdiler.

110. Bes, siz olary masgara etdiňiz, hatda olar(yň) üstünden gülmek size Meni ýatlamagy hem unutdyrdy. Siz olardan ejap ediň.

111. Men bu gün olary (siziň azar-ezetleriňize) sabyr-takat edýänleri sebäpli, sylagladym - olar hakyky (bagta) ýetýänlerdir".

112.(Alla): "Ýerde näçe ýyl durduňyz?" diýdi.

113. Olar aýtdylar: "Bir gün ýa-da ýarym gün. Sanaýjy (perişdelerden) soragyn".

114.(Alla) aýtdy: "Eger siz bilýän bolsaňyz, (dünýäde) öräп az durduňyz, (ýagny, siziň ebedi diýip hasaplan dünýäňiz, aslynda, öräп az mütdetdir).

115. Ýa-da siziň gümanyňyzça, Biz sizi biderek (ýagny, dünýäde size zat berilmeýän ahyretde hasap-kitap edilmeýän ýagdaýda) ýaratdyk-da, siz Biziň huzurymyza gaýtarylmarsyňyzmy?!" (Onuň ýaly däl)!

116. Aslynda, Hak Patyşa - Alla (islendik bir işi biderek etmekden) beýikdir. Hiç hili ylah ýok, meger, Ol beýik arş sahyby bardyr.

117. Kim özi üçin hiç hili hüjjet bolmadyk ýagdaýda Alla bilen bile başga (islendik) bir ylaha dileg kylsa, bes, onuň hasap-kitaby Perwerdigäriňiziň huzurynda bolar. Elbetde, kapyr bolan kimseler najat tapmazlar.

118.*(Eý, Muhammet), aýdyň: "Perwerdigärim, Özüň (günälerimizi) magrypat etgil we (halymyza) rehim eýle. Sen Özüň rehim edijileriň iň ýagşysy Sen!"*

24. NUR SÜRESI

Medinede hasyl bolan bu süre altmyş dört aýatdan ybarat.

Süräniň esasy mazmuny yslamy jemgyýetdäki ahlak-edep kada-kanunla-rydyr. Onda musulmanlaryň bir-birleri bilen dikeltmegi lazym bolan aragatnaşyk mylakatlaryndan başlap, yslamy. maşgalalaryň içinde döredilmegi zerur bolan täze döwlet we päkize döwür-barlyk ýol-ýordumlaryna çenli doly beýan edilýär.

Ýene bu sürede jemgyýeti pysky-pyjurlyklardan päk saklamak, nesilleri garyşyp-gatyşyp gitmekden saklamak we ynsany ahlak taýdan bozulmakdan goramak üçin Alla tagalanyň parz edip goýan käbir jeza çäreleri, zynakärlige garşy, töhmetçilige garşy yslamy jeza çäreleri hem beýan edilýär. We şunuň bilen birlikde, Yslam dini nazarynda adam üçin birewiň malyny nähak almak nähili haram hasaplansa, birewiň, ar-namy-syna degmegiň ýa-da abraýyny nähak dökmegiň hem şeýle haramdygy aýdylýar.

Süräniň "Nur" diýlip atlandyrylmagynyň sebäbi, birinjiden: Ýeru-asmanlaryň Allanyň nury bilen ýaradylandygy dogrusynda gözel aýaty-kerimler orun alan bolsa, ikinjiden: bu sürede ynsanyň bagtly ömür sürmegi üçin nur ýaly zerur ylahy ahkamlaryň-dini kada-kanunlaryň barlygydyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Şu) Biziň hasyl eden we (ondaky hökümler musulmanlar üçin) parz edilen bir süredir. Siziň ybrat-görelde almagyňyz üçin Biz onda açyk-röwşen aýatlary (şeýle) hasyl etdik.

2. Zynakär aýalyň we zynakär erkegiň her birine ýüz dürre uruň. Eger siz Alla we ahyret gününe iman getirýän bolsaňyz, Allanyň (bu) hökümi (ýagny, zynakärleri dürrelemek) sizde olara rehim-şepagat duýgusyny oýarmasyn! Olaryň jezalandyrylyşyna bir topar möminler güwä bolsun!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu höküm boý ýa-da dul we sallah zynakärleriň jezasydyr. Eger maşgalaly erkek ýa-da aýal zynakärlik etse, olaryň jezasy – üstlerine daş ýagdyryp öldürilmekdir.

3. Zynakär erkek diňe zynakär aýala ýa-da müşrige öýlener. Bu (zynakär aýallara öýlenmek) möminlere haram edilendir.

4. Päk aýallary (zynakär diýip) betnam edip, soňra (bu dawalaryna) dört güwäçi getirip bilmedik kimselere segsen dürre uruň we hiç haçai olaryň (öz) güwäliklerini kabul etmäň! Olar pasyk-etagatsyz kimselerdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Mälim ki, jemgyýet intizamyny ýoldan çykarýan närseleriň biri dürli myş-myşlar ýaýratmakdyr. Şonuň üçin biriniň arkasyndan myş-myş ýaýratmak, birewi bozuklykda aýyplap, daş atmak pasyklyk diýip gaty garalanýar. We beýle kimselere şu aýatdaky jeza berilýär hem-de olary güwälikleri ötmeýän ýalançylar diýlip yglan edilýär. Şu meselede bir soragyň döremegi tebygydyr. Bir adamyň ýeke özi ýa-da dört däl-de, üç sany güwä bilen bile birewiň zyna edýändiginiň üstünden barsa, bu wakadan-jenaýatdan özgeleri hem habardar edip goýsa, munuň nämesi ýaman? Nämüçin ol jeza çekmeli?

Ulamalar bu soraga şeýle jogap berýärler: birinjiden – ol özüniň güwä bolan näpäk wakasyny göterip gelip, bir arassa mejlisi hem hapalamaly däldir.

Ikinjiden – eger şol zynakär erkegiň ýa-da aýalyň jenaýaty açylman galany sebäpli, bendeleriň berjek jezasyndan gutulsalar hem, hiç şek-şübhe ýok ki, olar her ýerde häziru-nezir bolýan Ýaradanyň berjek jezasyndan asla gutulyp bilmezler.

5. Meger şu (kylmyşlaryndan) soň, diňe toba edip, (özlerini) düzeden- ler (pasyk däldirler). Elbetde, Alla magrypatly, mähribandyr,

6. Özlerinden başga güwäleri bolmadyk ýagdaýda, öz aýallaryny (bozuk diýip) betnam edýän kimseleriň her biriniň özüni

rastgöýdürin diýip, Alla adyna dört gezek güwälik bermegi (wajypdyr).

7.(Ol äriň) bäşinji (güwäligi) eger ýalan sözlese, üstüne Allanyň lagnaty- nyň (düşmegini soramakdyr).

DÜŞÜNDIRIŞ. Bir güwäsiz öz aýalyny bozuk diýen är bu dawanyň rastlygyna Allanyň adyna dört mertebe kasam içmegi, göýä onuň üçin dört güwäniň ornuna ötýär we bäşinjisinde eger aýalyna töhmet eden bolsa, Allanyň lagnatyna duçar boljagyny aýdýar. Ine, şu kasamlary bilen ol segsen dürreden gutulýar we nobat ýaman atly bolan aýala gelýär. Indi ol zyna jezasyna duçar bolmazlyk üçin aşakdaky iki aýatda beýan edilýän kasamy içmegi lazym, bolmasa, zynakär diýip hasaplanyp, jezalandyrylýar.

8. Ol (aýaldan) azap-jezany, onuň (ýagny, äri), şek-şübhesiz, ýalan sözledim" diýip Allanyň adyna dört mertebe güwälik bermegi dep eder.

9.(Ol aýalyň) bäşinji (güwäligi bolsa) eger (äri) dogruçyl bolsa, özüniň üstüne Allanyň gazabynyň (düşmegini soramagydyr).

10. Eger size Allanyň fazly-merhemeti bolmasa we Alla tobalary kabul ediji, hikmet sahyby bolmasady (ýa är, ýa aýal masgara edilerdi).

11. Şek-şübhesiz, bu töhmeti (ýüze) çykaran kimseler özüňizden bolan bir topardyr. Ony siziň özüňiz üçin ýamanlyk diýip oýlamaň, belki, ol siziň üçin ýagşylykdyr. Olaryň (ýagny, gybatçy, töhmetçileriň) her biri üçin özüniň kesp eden günäsine (laýyk jeza) bardyr. Olaryň arasyndan (günäniň) ulusyny göteren kimse üçin ulug azap bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatda şekillenen "Töhmetiň" taryhy şeýledir: Pygamber alaýhy-s-salam sahabalary bilen bile bir gazawatdan gelýärkä, Medina golaýlaşanlarynda, garaňky gijede esgerlere biraz aram-dynç almak üçan rugsat berýär. Şonda Pygamber alaýhy-s-salam bilen bile gazawata çykan jübti-halaly Aýşa - Alla ondan razy bolsun - bir hajat üçin çykyp,

esgerlerden uzaga gidýär we gaýdyp gelende, kerweniň ýola düşenini görýär. Şol wagt, endige görä, kerweniň yzynda galan närseleri ýygnamak üçin goýlan bir sahaba gelip, Aýşany görýär we ony tanap, düýä mündürip, özi pyýada ýöräp, ony kerweniň yzyndan ýetirýär. Muny gören käbir münkür kimseler Aýşany betnam edişip, dürli myş-myşlar ýaýradýarlar. Muny eşidip, pygamber aleýhy-s-salam hem, Aýşanyň atasy Ebubekir Syddyk hem, başga musulmanlar hem örän gamgyn bolýarlar.

Aradan doly bir aý geçenden soň, pygamber alaýhy-s-salama ýokarda dörän we aşakdaky beýan edilýän aýatlar hasyl bolup, Aýşanyň päkligi anyklanýar we bu myş-myşyň töhmetdigi äşgär bolýar. Töhmetçileriň her birine eden günäsine laýyk azap barlygy hakynda habar berilýär Alla tagala wakany möminler üçin ýamanlyk däl, belki, ýagşylyk, Aýşanyň Kelamyllanyň güwäliginde aklanmagy diýip atlandyrýar.

12.(Eý, möminler), siz (bu töhmeti) eşiden wagtyňyzda mömin we möminalar (musulman aýal-gyzlar) bir-birleri hakynda ýagşylygy oýlap "Bu açyk töhmet-le!" diýseler bolmazmydy?!

13. Olar (ýagny, Aýşany betnam etmekçi bolanlar öz dawalarynda) dört güwä getirseler bolmazmydy?! Indi eger güwä getirip bilmeseler onda Allanyň alnynda olar ýalançydyrlar.

14. Eger size dünýäde we ahyretde Allanyň fazly-merhemeti bolmasady, elbetde, sizi dynman sözläп närseleriňiz-töhmetleriňiz sebäpli, ulug azap tutardy.

15. Şonda siz ony dilden-dile geçirip, (öz agzyňyz bilen) öz anyk bilmeýän zatlaryňyzy sözläp, muny ýeňil iş diýip oýladyňyz. Bu Allanyň alnynda uly (günädir).

16.«Ony eşiden wagtyňyzda: "Bu (myş-myşy) sözlemek biziň üçin ýerlikli däldir. Eý, päk Perwerdigär, bu uly töhmet-le! Diýseňiz bolmazmydy?!

17. Eger mömin bolsaňyz, hergiz oňa meňzeş närselere gaýtmazlyga Alla size pent - nesihat edýändir.

18. We Alla size Öz aýatlaryny beýan eder. Alla ylym we hikmet sahybydyr.

19. Elbetde, imanly adamlaryň arasynda bozuklyk ýaýramagyny isleýän kimseler üçin bu dünýäde hem, ahyretde hem agyr azap bardyr. Alla biler, siz bilmersiňiz.

20. Eger size Allanyň fazly-merhemeti (bolmasa) we Alla mähriban we rehimli bolmasa, (elbetde, size bu kylmyşlaryňyz üçin azap nagtdy),

21. Eý, möminler, şeýtanyň yzyna eýermäň. Kim şeýtanyň yzyna eýerse, bes, elbetde, (şeýtan) bozuklyga we ýamanlyga buýrar. Eger size Allanyň fazly-merhemeti bolmasady, siziň biriňiz hem (günäden) päk bolmazdy. Ýöne Alla (fazly-merhemeti bilen) Öz islän kişi- sini päklär. Alla eşidiji, bilijidir.

22. Siziň (araňyzdan) sahylyk we mal-döwlet eýeleri garyndaşlaryna, garyp-misginlere, ýolugra düşlänlere Alla ýolunda yhsan etmezlige kasam içmesin, gaýta olary bagyşlasynlar, geçirsinler! Allanyň sizi magrypat etmegini isläňizokmy?! Alla magrypatly, mähribandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýat Ebubekir Sytdyk - Alla ondan razy bolsun - hakyndadyr. Ol gyzy Aýşa hakynda myş-myş ýaýradanlaryň arasynda bolany üçin öz garyndaşlarynyň birine ýardam bermezlige kasam içen eken. Ýokardaky aýat hasyl bolandan soň, kasamyny bozup, oňa haýyr-yhsan edipdir hem-de kasamyny bozany üçin keffarat - tölegini hem töläpdir.

23. Elbetde, (bozuk niýetlerden) bihabar, päkize, mömine aýallary betnam eden kimseler bu dünýäde hem, ahyretde hem lagnata duçar boldular,Olar üçin uly azap bardyr.

24. Ol Günde-kyýamatda edip öten (töhmetleri) sebäpli, olaryň dilleri hem, gol-aýaklary hem özleriniň zyýanyna güwälik berer.

25. Şol Günde Alla olaryň hakyky jezalaryny kämil edip berer we olar Allanyň wadasynyň anyk-hak ekendigini bilerler.

26. Näpäk aýallar näpäk ärler üçindir (ýagny, laýykdyr), näpäk ärler näpäk aýallar üçindir. Päk aýallar päkize ärler üçindir, päkize ärler päk aýallar üçindir. Ana, şol (päkize ärler we päk aýallar) olaryň (ýagny, näpäk ärler we näpäk aýallaryň) aýdýan töhmetlerinden päkdirler, Olar üçin magrypat we uly rysk (ýagny, jennet nygmatlary) bardyr.

27. Eý, möminler, öz öýüňizden başga öýlere tä rugsat soramaýançaňyz we eýeleri bilen salamlaşmaýançaňyz girmäň. Ine, şu siz üçin gowudyr. Eger ybrat-görelde (nesihat) alsaňyz.

28. Indi eger ol (öýlerde) hiç kimi tapmasaňyz, onda tä size idin berilýänçä, olara girmäň! Eger size: "Gaýdyň" diýilse, (ýagny, girmäge idin berilmese) gaýdyberiň! Şu siz üçin iň tämiz (ýoldur). Alla edýän amallaryňyzy bilýändir.

29.(Birew üçin) mesgen bolmadyk (myhmanhana, kerwensaraý kibi) peýdalanylýan öýlere (idin soraman) girmekden size günä ýokdur. Alla äşgär edýän närsäňizi hem, ýaşyrýan närsäňizi hem biler.

30.(Eý, Muhammet), möminlere aýdyň: gözlerini (nämährem aýallara dikmekden) saklan- synlar we ujytlaryny (haramdan) saklasynlar! Ine, şu olar üçin iň arassa (ýoldur). Elbetde, Alla olaryň edýän hünärlerinden habardardyr.

31. Mömin aýallara hem aýdyň, gözlerini (nämährem erkeklere dikmekden) saklansynlar we eteklerini (jynsy süňňüni haramdan) saklasynlar! Hem-de görnüp durandan başga zynatlaryny (ýagny, üstlerindäki lybaslaryndan başga görk-görmeklerini nämähremlere)

görkezmesinler we kükreklerini ýaglyklary bilen örtsünler! Olar görk-görmeklerini (hiç kime) görkezmesinler, meger, ärlerine ýa atalaryna ärleriniň atalaryna, ýa ogullaryna, ýa ärleriniň, ogullaryna ýa özleriniň aga-inilerine, ýa aga-inileriniň ogullaryna ýa aýal doganlary-nyň ogullaryna ýa özleri (ýaly) aýallara ýa gol astyndaky çorulara ýa (aýalardan) bihajat bolan (ýagny, juda garrap giden ýa-da akylsyz diwana) erkek hyzmatkär-gullara ýa aýallaryň bedeninden habardar bolmadyk çagalara (görkezmekleri laýykdyr). Ýene ýaşyran sep-zynatlary (görk-görmekleri) bilinsin (ünsüni çeksin) diýip, aýaklaryny ýere urmasynlar! Hemmäňiz Alla toba ediň, eý, möminler! Şaýat ki, (şonda) najat taparsyňyz.

32. Öz araňyzdaky dul-sallahlaryň hem-de gul-gyrnaklaryň ýagşylaryny öýlendiriň (durmuşa çykaryň). Eger olar kemmagal bolsalar, Alla olary öz fazly-keremi bilen baý-döwletli (bihajat) eder. Alla (fazly-keremi) giň, bilijidir.

33. Nika (üçin lazym bolan mal-döwleti) tapyp bilmeýän adamlar tä Alla olary Öz fazly-keremi bilen baý-döwletli edinçä, özlerini (haramdan, zynakär- likden) päk tutsunlar! (Eý, möminler), gol astyňyzdaky gullardan bitim düzmegi (azatlyk üçin) isleýän kişiler bolsa, onda eger siz olarda ýagşylygy (ýagny, diýanat, iman bardygyny) bilseňiz, olar bilen bitim düzüň we olara Allanyň Size eda eden malyndan eda ediň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Mälim ki, Yslam dini gelen wagtynda, gulçulyk döwrüdi. Şonuň üçin musulmanlaryň arasynda hem hojalaryň we gul-gyrnaklaryň bolmagy tebygy ýagdaýdy. Emma Yslam musulmanlara gullary azat etmegiň, ýol-ýodalaryny hem görkezýär. Şolardan biri mukataba-bi-tim-şertnama düzmekdir. Onda azat bolmagy isleýän gul öz hojaýyny bilen mälim mukdardaky puly tapyp berip, azat bolmak hakynda bitim-şertnama düzýär. Ine, şu şertnama düzlen sagatdan başlap, ol gulyň boýny gullukda bolsa-da, goly azat bolýar, dilleşilen mukdardaky puly tapmak üçin hojaýynynyň öýünden daşary çykyp işlemäge rugsat berilýär.

Galyberse-de, ýokarda beýan edilişi ýaly, Alla tagala gul eýelerne Özüniň olara eda eden mal-dünýälerinden berip, gullaryň azat bolmagyna ýardam etmegi buýurýar.

Päkligi isleýän gyrnaklaryňyzy pany dünýä närselerini isläp, zynakärlik etmäge mejbur etmäň. Indi kim olary mejbur etse, bes, elbetde, Alla mejbur edilenlerinden soň (ol gyrnaklara) magrypat edýändir we (olara) rehim-şepagat kylýandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatyň ikinji kysymy Abdylla ibn Salul diýen bir mynapyk hakynda hasyl bolandyr. Ol mal-pul gazanmak üçin özüniň iki gyrnagyny zynakärlik etmäge mejbur edýär. Olar pygamber alaýhi-s-salamyň huzuryna ol mynapygyň üstünden şikaýat edip gelenlerinde, Alla tagala Öz pygamberine ýokardaky aýaty inderdi.

34.(Eý, möminler), hakykatdan hem, Biz size açyk-röwşen aýatlary, sizden öň ötenler dogrusyndaky tymsallary we takwa kişiler üçin pent-nesihaty hasyl etdik.

35. Alla asmanlaryň we Ýeriň nurudyr, (ýagny, olaryň barçasyny ýaradyp, göze görkezip, ýokdan bar edip durandyr). Onuň nurunyň (mömin bendeleriň kalbyndaky) mysaly edil bir teke, onuň üstünde bir çyra, ol çyra bir çüýşäniň içinde (ýaly bolup), ol çüýşe göýä bir dür ýyldyza meňzeýär. Ol (çyra) gündogary, gunbatary bolmadyk (belki, zeminiň merkezindäki) mübärek zeýtun agajynyň (ýagyndan) ýakylar. Onuň ýagy (durulygyndan ýaňa) gerçe oňa ot degmese-de, (töweregi) ýagtyldyp duryandyr, (Ot degenden soň bolsa), nur üstüne nur (bolar). Alla Özüniň (bu) nuruia Öz islän kişilerini hidaýat eder. Alla adamlaryň (ybrat almagy) üçii (ine, şeýle) tymsallar getirer. Alla hemme närsäni bilýändir,

36-37. (Ol çyra şeýle) öýlerde (metjitlerde ýakylar ki), Alla belent göterip (bina) kylynmagyna idin berip (emr edip)di. Ol (metjitlerde) gije-gündiz Ony (Allany) päkleýän kişiler bardyr ki, ne habarlar, ne almak-satmak olary Allany zikr etmekden, namazy berjaý etmekden

we zekaty bagyş etmekden saklap biler. Olar kalblaryň we gözleriň elhençligi görýän (kyýamat) gününden gorkarlar.

38. Olar eden amallarynyň iň gözelleri sebäpli, özlerini Allanyň sylaglamagy we ýene olara Öz fazly-keremi bilen zyýada (sogap bagyş) etmegi üçin (gije-gündiz Allany päkläp, ybadat ederler). Alla Özi islän bendelerine bihasap rysk berer.

39. Kapyr bolan kimseleriň eden amallary bolsa, sähradaky salgyma meňzeýär. Teşne adam ony suw diýip oýlar, täki onuň ýanyna gelenden soň, hiç närse däldigini görer we Allany özüniň (şu ýerde, eden ähli amalynyň) ýanyndan tapar. Bes, Ol onuň hasap-kitabyny kemally eder, Alla örän tiz hasap-kitap edýändir.

40. Ýa-da (kapyrlaryň eden amallary) gat-gat tolkun we onuň hem üstüni (gara) bulut gaplap alan deňizdäki zulmatlara meňzeýär. (Olar hakykatdan hem) gat-gat zulmatlardyr. Ol (kapyr bolan kişi) öz elini çykaryp (mańlaýyna goýup, näçe dikelsin, ser salsyn, barybir, nury) görüp bilmez. Kime Alla nury (iman) bermese, bes, onuň üçin hiç hili nur bolmaz.

41. (Eý, Muhammet), Allany asmanlar we Ýerdäki bar janzat (barlyk) hem, (gökde) hatar guran guşlaryň hem tesbyh aýdyp-päkleýişini görmediňizmi?! Anyk ki, (Alla) barçanyň doga-tesbyhyny bilip durar. Alla olaryň edýän (ähli) işlerini bilijidir.

42. Asmanlaryň we Ýeriň patyşalygy Allanyňkydyr. Ýalňyz Alla gaýtmak bardyr.

43. Allanyň bulutlary sürüşini, soňra olary birleşdirişini, soňra olary gatbar-gat (zulmatly galyň) edişini germediňizmi? Soň (bulut) içinden ýagyş ýagýandygyny görersiňiz. (Alla) asmandan - ondaky (bulutlaryň) dagyndan buz ýagdyryp, onuň (zyýanyny) Öz islän kişilerine ýetirer we Öz islän bendelerinden daşa gidirer. Onuň

(bulut) ýyldyrymynyň ýagtylygy göz-göreçleri gapyp barýandyr.

44. Alla gije we gündizi öwrüp durar. Elbetde, munda (köňül gözi açyk) kalp eýeleri üçin ybrat bardyr.

45. Alla ähli janawary suwdan ýaratdy. Olaryň garny bilen (süýrenip) ýörýänleri hem bar, iki aýakda ýörýänleri hem bar, dört (aýakda) ýörýänleri hem bardyr. Alla Öz islän zadyny ýaradar. Elbetde, Alla ähli zada kadyrdyr.

46. Hakykatdan, Biz açyk-röwşen aýatlary hasyl kyldyk. Alla Öz islän bendelerini Dogry ýola hidaýat eder.

47. Olar (ýagny, mynapyklar): "Alla we pygambere iman getirdik we boýun syndyk" diýýärler-de, şondan soň olaryň bir topary ýüz öwrüp gider. Olar mömin däldirler.

48. Haçan olar Alla we Onuň pygamberine aralarynda Onuň hökümi (yglan edilmek üçin) çagyrylsalar, olaryň bir topary (pygamberiň huzuryna gelmekden) ýüz öwürýärler.

49. Eger hakykat olaryň tarapynda bolsa, (pygamberiň, huzuryna) baş egip gelerler.

50. Olaryň kalplarynda merez barmy ýa-da (Muhammediň, hak pygamberdigine) şübhelenýärlermi ýa hut Allanyň we Onuň pygamberiniň özlerine zulym etmeginden gorkýarlarmy?! Ýok! Olaryň özleri zalymlardyr.

51. Aralarynda höküm çykarmak üçin Alla we Onuň pygamberiniň çagyran wagtlarynda, möminleriň sözi: "Eşitdik we boýun syndyk" diýmekdir). Ana, diňe şolar najat taparlar.

52. Kim Alla we Onuň pygamberine boýun synsa we Alladan gorkup, takwalyk kylsa, bes, ana, diňe şolar (bagta) ýeterler.

53.(Mynapyklar) eger siz emr etseňiz, elbetde, (jihada) çykjakdyklary hakynda jan-dilleri bilen (Allanyň adyna) kasam içdiler. Aýdyň: "Kasam içmäň! (jihad) mälim ybadatdyr (ýagny, bu hakda kasam içmäge hajat ýokdur). Elbetde, Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr".

54. Aýdyň: Alla boýun synyň we pygambere boýun synyň! Indi eger ýüz öwürseňiz, bes, (pygamber) borjunda özüne ýüklenen närse (adamlara Allanyň dinini ýetirmek) bardyr. Siziň borjuňyzda bolsa, özüňize ýüklenen närse (pygam- bere boýun synmak) bardyr. Eger oňa boýun synsaňyz, hidaýat taparsyňyz. Pygamber borjunda (sizi zorlap dine girizmek däl, belki) diňe (size hak dini) ýetirmek bardyr".

55. Alla siziň iman getirenleriňizi we ýagşy amal edenleriňizi edil öň geçen (iman-ygtykatly)lary (Ýer ýüzünde) halypa-hökmürowan edişi ýaly, olary hem Ýer ýüzünde halypa etmegi we olar üçin Öz razy bolan (Yslam) dinini üstün-müstekkäm (mäkäm) etmegi hem-de olaryň (ahwalyny Mekgede gören) howp-hatarlaryndan soň, (Medinede) dynçlyk, hatyrjemlige öwürmegi wada kyldy. Olar Maňa ybadat ederler we Maňa bir zady hem şärik etmezler. Kim, ine, şu wadadan soň, küfri (nygmat etse, bes), olar etagatsyz kimselerdir.

56.(Eý, möminler), namazy doly eda ediň we pygambere boýun synyň, zekaty berjaý ediň we pygambere boýun synyň. Şaýat, rahmete ýetersiňiz.

57.(Eý, Muhammet), siz hergiz kapyr bolan kimseleri Ýer ýüzünde (bir ýerlere) gaçyp gutular diýip oýlamaň. Olaryň barar jaýlary dowzahdyr. Ol şeýle bir ýaman akybetdir!

58. Eý, möminler, gol astyňyzdaky (gul-gyrnaklaryňyz) hem-de özüňiziň kämillige ýetmedik (çagalaryňyz) üç pursatda (huzuryňyza

girmek üçin) sizden rugsat sorasynlar (soraman girmesinler). Bamdat (ertir) namazyndan öň, peýşin (öýlän) wagtynda, (yssydan ýaňa eşikleriňizi aýran wagtyňyzda we hupdan (ýassy) namazyndan soň. Bu üç pursat siziň bujaklaryňyzyň (beden agzalaryňyzyň açyk bolmagy mümkin bolan pursatlarydyr). Olar şol (wagglardan) soň, (idin soraman girseler) size hem, olara hem günä ýokdur. (Çünki) olar size, siz olara-biri-biriňize baryp-gelip duryánsyňyz. Alla aýatlary size, ine, şeýle beýan edýär. Alla bilim we hikmet eýesidir.

59. Haçan çagalaryňyz kämillige ýetseler, bes, olar hem edil olardan öň (kämillige ýetenler) ýaly idin sorasyn! Alla Öz aýatlaryny size, ine, şeýle beýan edýär. Alla bilim we hikmet sahybydyr.

60. Hakykatdan, garrap, äre çykmagy oýlamaýanlar - aýallar zer-zynatlaryny güjeňlemän, geýimlerini (ýagny, ýaglyk-bürenjeklerini) aýyrsalar-da, olara günä ýokdur. Özlerini päk (ýagny, ýaglyk, bürenjeklerini) tutmaklary özleri üçin ýagşydyr. Alla eşidýändirem, görýändirem.

61.(Jihada-Alla ýolunda bolýan söweşlere çykman galmagynda) gözi ahmal kişä haraj-erbetlik ýokdur (ýagny, olar jihada çykman galanlary üçin aýyplanmaz. Eý, möminler), siz Öz öýüňizden ýa ataňyzyň öýünden, eneňiziň öýünden, ýa aga-inileriňiziň öýünden ýa aýal doganňyzyň öýünden, ýa daýylaryňyzyň öýünden, ýa daýzalaryňyzyň öýünden ýa size açarlaryny goýan öýlerden, ýa dostuňyzyň öýünden (idin soraman) garbanmagyňyzdan size günä ýokdur. Haçanda öýe girseňiz, biri-birleriňize Alla dergahyndan bolan mübärek salamy aýdyň (ýagny, "Essalamu aleýkum" diýip), Akyl ýöretmegiňiz üçin Alla Öz aýatlaryny, size, ine, şeýle beýan edýär.

62. Elbetde, möminler diňe Alla we Onuň pygamberine iman getiren- lerdir. Olar (pygamber) bilen bir möhüm iş üstünde (söhbetde, mejlisde) bolan wagtlarynda, tä ondan idin soraýançalar

gitmezler. Diňe sizden idin soraýanlar, ana, diňe şolar Alla we Onuň pygamberine iman getirýänlerdir. Indi haçan olar sizden käbir işleri üçin idin sorasalar, bes, olardan öz islän kişileriňize idin beriň we Alladan olary magrypat etmegini soraň. Elbetde, Alla magrypatly, mähribandyr.

63.(Eý, möminler) pygamberi çagyrmagy öz bir-birleriňizi çagyran ýaly (hasap) etmäň (ýagny, oňa hormat-sylag bilen: "Eý, Allanyň resuly" diýip çagyryň). Sizden gizlenip, (pygamberiň huzuryndan) sogrulyp çykyp gidýän kimseleri Alla ýagşy biler. (Pygamberiň emrine) ters iş edýän kimseler özlerine bir pitne-külpet ýetmeginden ýa-da agyr azap ýetmeginden häzir bolsunlar!

64. Ägä boluň, kim, asmanlar we Ýerdäki bar närseler, şek-şübhesiz, Allanyňkydyr. Ol (Alla) siziň üstüňizde duran närsäni (ýagny, möminligiňizi ýa-da mynapyklygyňyzy) hem, (barça bendeler) Özüne gaýtarylýan (kyýamat) gününi hem ýagşy biler, bes, olara (şol Günde) edip öten amallarynyň habaryny berer. Alla barça zady bilýändir.

25. FURKAN SÜRESI

Mekgede hasyl edilen bu süre ýetmiş ýedi aýatdan ybarat.

Süre işbu Furkany - hak bilen nähaky aýrybaşgalap - parhlandyryp beriji Kitaby Muhammet alaýhy-s-salama Beýik Allanyň inderendigini nygtamak bilen başlanýar.

Soňra "Nämüçin pygamber perişde däl, belki, ýönekeý adamlar ýaly tagam iýip, bazarlarda ýörýän ynsan eken" diýýän serkeş müşrikleriň dawalary düýpli deliller bilen ret edilýär.

Ýene bu sürede ynamly "dost"larynyň was-wasylaryna uçrap, öz iman-ygtykat we dini-diýanatlaryndan boş geçen kimseleriň ahyretde bu kylmyşlaryndan efsun-nedamat, ahy-nala çekip, barmaklaryny dişläp galyşlary hakynda habardar edilýär.

Süräniň ahyrynda bolsa, Rahman bendeleri bolan hakyky mömin-musulmanlaryň sypatlary we olaryň jennet nygmatlaryna ýetmeklerine sebäp bolýan hulklary teswirlenýär.

Gurhany Kerimde Alla tagala tarapyn hasyl edilen ähli ylahyýa kitaplar Furkan - hak bilen nähaky parhlandyryp berýän Kitap diýlip atlandyrylýar.

Bu süräniň ady bolan Furkandan myrat bolsa - Gurhandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Barça älemlerini (ahyret azabyndan) gorkuzyjy bolsun diýip, Öz bendesi (Muhammet)ge Furkan - Gurhan hasyl eden - Alla bereketli-beýikdir.

2. Ol - asmanlar we Ýeriň patyşalygy Özüniňki bolan, bala-çaga edinmedik, bir şärigem ýok we ähli zady ýaradyp (anyk) ölçeg bilen ölçäp goýandyr.

3.(Müşrikler) bolsa, Ony goýup, bir zat hem ýaradyp bilmeýän (belki) özleri ýaradylýan (özgeler-ä beýlede dursun hatda) özlerine hem bir; zyýan ýa peýda bermäge kadyr bolmadyk (elinden gelmeýän) "hudaýlary" tutdular (ýagny, şolara sygyndylar).

4. Kapyr bolan kimseler: "Bu (Gurhan) diňe (Muhammediň) özüniň toslan bir ýalanydyr. Oňa bu (ýalany toslamakda) başga bir kowum (başga kitap eýeleri) kömek edipdir" diýip, küfr getirdiler we töhmet kyldylar.

5. Ýene olar: "(Bu) owalkylardan galan efsanalardyr (rowaýat-ertekilerdir). (Muhammet) olary göçürip alandyr. Bes, (bu efsanlar birewler tarapyndan) oňa ir-ertir, giç-agşam okap berilýär" diýdiler.

6.(Eý, Muhammet, siz olara) aýdyň: "Ony (Gurhany) asmanlar we Ýerdäki bar syr-esrary bilýän hasyl edendir. Elbetde, ol geçirimli, mähribandyr" (diýip).

7-8. Ýene olar (masgara edişip): "Näme üçin bu pygamber (ýönekeý adamlar ýaly) tagam iýýär we bazarlarda ýörýär?! Oňa (pygamberligini tassyklaýan) bir perişde inderilip, onuň bilen bile gorkuzyjy bolsady, ýa-da oňa (asmandan) hazyna oklansady (we bazarda söwda-satyk bilen mydar edip ýörmän, şol hazynadan harç edip ýörsedi), ýa hut onuň üçin bir bagy-bossan bolup, ol (diňe şol bagdan) iýip-içsedi (biz oňa iman getirerdik)" diýdiler. Bu zalym kimseler (möminlere): "Siz diňe bir jadylanan - akyldan azaşan kişä eýerýärsiňiz" diýdiler.

9.(Eý, Muhammet), serediň olar siz üçin nähili tymsallar getirdiler-ä?! Bes, olar (hak) ýoldan azdylar. Indi olar ýol tapmaga kadyr däldirler.

10. Eger islese, siz üçin (şu dünýäň özünde) şondan (ýagny, olaryň diýýän bag, hazynasyndan) ýagşyrak zady - aşagyndan derýalar

akyp durýan jennetleri ýaradyp bilýän we siziň üçin kasr-saraýlary (köşkleri hem) edip berip bilýän - Alla bereketli-beýikdir.

11. Ýok, olar (Gurhan aýatlaryna bakmaýarlar, çünki, olar kyýamat) sagadyny ýalan diýen kimseler. Biz bolsa, sagady ýalan diýenler üçin dowzah oduny taýýarlap goýandyrys.

12.(Dowzah) olary uzak ýerden gören wagtynyň özünde (olar) onuň (dowzahyň) haýkyrygyny we bögürmesini eşiderler.

13. Haçan olar saralgy ýagdaýda (dowzahda) bir dar jaýa taşlananlarynda, şol taýda (özlerine) ölüm dilärler.

14.(Şonda olara): "Siz bu gün (özüňize) bir ölümi däl, köp ölümleri diläň (çünki, bütin ömrüňizi küfri-isýanda geçireniňiz sebäpli, indi köpden-köp ölüm-azarlara duçar bolarsyňyz diýler).

15.(Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Şu (dowzah) ýagşymy ýa-da takwalara wada edilen baky jennet?! Ol (ýagny, jennet takwalar) üçin sylag we akybet - barar jaý boldy.

16. Olar üçin şol jaýda baky galanlarynda, barça islän närseleri taýýar bolar. Bu Perwerdigäriňiziň borjundaky soralan (garaşylýan) närse boldy.

17. (Alla) olary, ýagny, müşrikleri hem, olaryň Allany goýup, ybadat eden butlaryny hem toplap, (ol butlara): "Meniň şol bendelerimi siz ýoldan azdyrdyňyzmy ýa-da olaryň özleri ýoldan azdylarmy?" diýilýän Günde;

18. Olar (şol butlar) diýerler: "Eý, päk Perwerdigär, biziň üçin Senden özge bir dost tutmak laýyk bolan däldir (bes, nähili edip özgeleri bize bendelik etdirip, sygynmaga mejbur edip, ýoldan azdyraly?!) Emma Sen olary we (olaryň) ata-babalaryny (uzak ömür we malu-mülk, rysky-ruz bilen şeýle) peýdalandyrdyň ki, hatda olar (Seniň Özüňi) islemegi hem unutdylar we heläk bolujy kowum

galdylar".

19.(Eý, müşrikler) ine, olar (siziň "hudaý" diýip sygynan butlaryňyz) sizi (öz) aýdan sözleriňizde (tutup) ýalançy etdiler. Indi (azapdan) gutulmaga hem (özüňize) ýardam etmäge-de kadyr dälsiňiz. Sizden kim zalym-müşrik bolsa, Biz oňa gaty azap çekdireris.

20.(Eý, Muhammet), Biziň sizden ozal iberen barça pygamberlerimiz hem, (şek-şübhesiz), tagam iýýärdiler we bazara barýardylar. Biz siziň birewleriňizi birewleriňiz üçin pitne-synag edip goýduk (ýagny, siziň ýönekeý adamlar ýaly garybana pakyr) gün geçirmegiňiz başgalar üçin synagdyr. Çünki, eger Biz sizi baý-döwletment eden bolsak, olar size şol mal-dünýäňiz üçin etagat ederdiler . Siz (Biziň bu synagymyza sabyr edip bilersiňizmi? Perwerdigäriňiz (gizlin we äşgär bolan barça närsäni görüp durýandyr).

21. Bize ýüzbe-ýüz bolmagy umyt etmeýän kimseler: "Bize (pygamberlik üçin adam däl-de, belki), perişdeler inderilsedi ýa-da biz Perwerdigärimizi (öz gözümiz bilen) görsek (we Ol bize Muhammediň hakyky pygamberdigini bildirse)di" diýdiler. Hakykatdan hem, olar özlerine bina goýdular (hondanbärsi saýdylar) we juda gaty gitdiler.

22. Olaryň perişdeleri görjek Günlerini (ýatlaň!) Ol Günde jenaýatçy kimseler üçin birem hoşhabar bolmaz. We (perişdeler olara) diýerler: "(Her hili hoşhabar siz üçin) bütünleý haramdyr".

23.(Aslynda) Biz olaryň (kapyr bolan halda) eden her bir (ýagşy) amalyny (gözden geçirip), ony tozan (ýaly) seçip goýandyrys.

DÜŞÜNDIRIŞ. Yslamy ynama görä, ýalňyz Alla iman getirmezden, edilen ýa-da ýalňyz Alla gözlemezden, il gözüne edilen her hili ýagşy amal hem bolsa, ol göýä howada uçup ýören çaň-tozan ýaly peýdasyzdyr. Şu sebäpden, butlar, senemler ýolunda edilen ýa-da ýagşy at goýmak üçin ikiýüzlülik bilen edilen "sogap iş"leriň eýeleri üçin kyýamatda birem sogap-sylag bolmaz.

24. Jennet eýeleri bolsa, ol Günde iň ýagşy menzil we iň gözel, rahat dynç alynýan ýerlerde bolarlar.

25. Bulutly asman ýarylyp, (barça) perişdeler (Ýer ýüzüne) inderilýän (kyýamat) Gününi (ýatlaň)

26. Şol Günde hak patyşalyk (ýalňyz) Rahman üçin bolar. (Çünki, başga barça wagtlaýyn patyşalyklar ýok bolup gider). Ol (Gün) kapyrlara örän kyn gün bolar.

27. Ol günde bu zalym (kimse) ellerini (barmaklaryny) dişläp, (ahy-nala çekip, ökünip) diýer: "Wah, men hem pygamber bilen bir ýoly tutan bolsadym.

28. Ölüm bolsun maňa, ýeri, men pylanyny dost tutmadyk bolsadym.

29. Anyk ki, maňa ýatlatma - Gurhan geleninden soň, şol (pylany) meni ýoldan azdyrdy-da". (Ol Günde) şeýtan (pany dünýäde özüne eýeren barça) ynsanlary ýardamsyz goýandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Teswirçileriň aýdyşlaryça, bu aýatlardaky "zalym" Akaba ibn abiý Muaýt, "pylany" bolsa, Ubaý ibn Halasdyr. Olar ýakyn dost ekenler. Akaba pygamber alaýhy-s-salamyň çakylygyny kabul edip, Yslama girenden soň, şol dosty Ubaý ony ýoldan azdyryp, was-wasa salmagy netijesinde dinden çykýar. Bu aýatlarda Alla tagala, ana, şeýle şeýtanlaryň was-waslaryna düşüp, öz dininden boş geçýän zalymlaryň kyýamat günündäki ahwalyny teswirleýär we ol şeýtanlaryň ahyretde hiç hli kömek berip bilmeýändigini tassyklaýar.

30. Pygamber (Muhammet) aýtdy: "Eý, Perwerdigärim, hakykatdan hem, meniň kowumym (Kureýş tiresi) şu Gurhany terk edip, (ondan ýüz öwürdiler)".

31. Biz (sizden öň öten) her bir pygamber üçin (hem) jenaýatçy kimselerden, ine, şeýle duşman(lar) edendiris. (Emma)

Perwerdigäriňiziň Özi (size) idegçi we kömekçidir.

32. Kapyr bolan kimseler: "(Näme üçin) bu Gurhan oňa (pygamber alaýhy-s-salama) jem bolan ýagdaýda hasyl kylynmady?" diýdiler. (Eý, Muhammet), Biz ol - Gurhan bilen siziň kalbyňyzy üstün etmek üçin, ine, şeýle (bölek-bölek ýagdaýda inderdik) we ony bölüp-bölüp beýan etdik.

33. Olar size (Gurhany aýyplamak üçin haçan ýokardaky ýaly) bir tymsal-sorag getirseler, elbetde, Biz size hak (jogaby) we iň gözel tymsaly getirip goýduk.

34. Ýüzi pes hallarynda jähenneme tarap süýrelýän kimseler - ana, şolar, iň ahwaly ýaman we bütünleý ýoldan azan kimselerdir.

35-36. Kasam ki, Biz Musa kitap - Töwrat bagyş etdik we ýoldaşy Haruny onuň bilen bile bolýan wezir edip, diýdik: "Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kowumyň (Firawun we onuň kowumy) alnyna baryň!" Bes, (ikisi baryp, Allanyň dinine başlan wagglarynda, olar öz küfrlerinden gaýtmandan soň), Biz olary (deňize gark etmek bilen) gyryp taşladyk.

37. Nuh kowumyny (ýatlaň)! Haçanda, olar pygamberlerini ýalançy hasap edenden soň, Biz olary gark etdik we adamlara aýat-ybrat edip goýduk. Ýeiýe Biz zalym-kapyr kimseler üçin (ahyretde hem) agyr (içýakgyç) azap taýýarlap goýandyrys.

38. Aat, Samud (kowumlaryny) we guýy eýelerini (ýagny, Şuaýb pygamberi ýalançy hasap edenleri sebäpli, guýa ýykylyp heläk bolan kimseleri) hem-de şu aradaky geçen köpden-köp nesilleri (ýatlaň)!

39. Hemmesine mysallar-deliller getirdik we (Biziň pendi-nesihatlarymyz täsir etmänden soň) barçasyny bütünleý ýok edip goýberdik.

40. Anyk ki, olar (ýagny, Mekge müşrikleri özleriniň sapar-syýahatlarynda) iň ýaman ýagmyr (daş) ýagdyrylan şäherden ötendirler. Eýsem, olar ony (beýle ýerleri) görüp ybrat almadylarmy?! Ýok, gaýta olar täzeden dirilmekden umytsyz bolan kimselerdir.

41-42. (Eý, Muhammet), haçan olar sizi görseler, diňe: "Alla, ine, şuny pygamber edip iberdimi?! Eger sabyr edip, (mäkäm durmadyk bolsak), hakykatdan hem, ol bizi hudaýlarymyzdan azdyrjakdy!" diýip, sizi masgara ederler. Ýakynda - azaby gören wagtlarynda, kimiň ýoldan azanyny bilerler.

43. Hany, habar beriň, kim howaýy nebsini ylah edinen bolsa, siz onuň üstünden wekil-goragçy bolarmysyňyz? (Ýok, siziň wezipäňiz howaýy-nebsine gulluk kylan kimseleri bu kylmyşlaryndan saklamak-goraglamak däl, belki diňe Biziň size iberen wahyýny bendelerimize ýetirmekdir).

44. Ýa-da siz olaryň köpüsi (hak sözi) diňläp bilerler ýa aňlarlar diýip oýladyňyzmy?! (Beýle däl, onuň ýaly däl, hiç haçan) olar hiç närse däldirler, meger, çarwa haýwanlary ýalydyrlar. Ýok, olar ýene-de ýoldan azan kimselerdir!

45. Perwerdigäriňiziň (gudratyny) kölegäni (saýany) nähili ýaýyp goýanyny germediňizmi?! Eger islese, ony gozganmaz ýaly hem ederdi. Soňra Güneşi oňa (saýanyň barlygyna) delil etdik.

46. Soňra ony ýuwaş-ýuwaş Özümize çekip aldyk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky iki aýaty şeýle düşündirýärler: subhy sadykdan tä Gün çykýança, gözetimde - giňişliklere ýaýylan garaňkylyk bilen ýagtylygyň arasyndaky halat - Alla tarapyn Ýer ýüzüniň üstine ýaýyp goýlan bir saýadyr. Eger Ol islese, ony gitmez edip goýardy, emma Alla tagala dogýan Güneşi saýa barlygyna delil etdi - eger nur bolmasa saýanyň barlygy bilinmez we Ol saýa-perdäni Ýer ýüzünden ýuwaş-ýuwaş çekip

aýyrdy.

47.(Alla) siz üçin gijäni (size barlygy unutdyryjy) lybas, ukyny aram edip goýandyr, gündizi bolsa (siz üçin) gaýtadan diriliş edendir.

48-49. Ol Öz rahmetiniň (ýagny, ýagyşyň) öňünden hoşhabar edip şemal iberendir. Biz öli şäher-mesgenleri diriltmek hem-de Özümiziň ýaradan köp-köp çarwa haýwanlary we ynsanlary gandyrmak üçin asmandan päk suw ýagdyrdyk.

50. We ol (suwy) ýatlatma almaklary üçin (adamlar) arasynda paýlap goýduk (emma) adamlaryň köpüsi diňe küfrüň nygmat edilmegini islediler.

51. Eger Biz halasak, her oba-şähere bir (ahyret azabyndan) gorkuzyjy pygamber ibererdik. (Emma Biz barça oba-şäherleri ahyret azabyndan habardar etmek borjuny siziň boýnuňyza ýükledik).

52. Bes, siz kapyr kimselere boýun synmaň we (Gurhan) ýardamynda olara garşy berk göreşiň!

53.(Alla) iki deňiz-derýany, birisini süýji, birisini ajy kylyp, akdyryp goýan we olaryň arasynda ýapyk böwet we görünmez perde (çekip) goýan Perwerdigärdir).

54. Ol suwdan-nuftadan ynsany ýaradyp, soň nesil-nesep (eýesi) we aýal-erkegi (jübüt, guda-garyndaş) edip goýandyr. Hakykatdan hem Perwerdigäriňiz (her işe) kadyrdyr!

55.(Kapyrlar) Allany goýup, özlerine peýda hem, zyýan hem ýetirip bilmeýän närselere ybadat edýärler. Kapyr öz Perwerdigärine garşy (şeýtana) kömekçi bolan kimsedir.

56.(Eý, Muhammet), Biz sizi diňe (möminlere jennet) hoşhabaryny ýetiriji (kapyrlary bolsa, ahyret azabyndan) gorkuzyjy edip iberdik.

57. Aýdyň: "Men sizden munuň üçin hiç hili hak soramaýaryn, diňe Perwerdigär tarapa ýol tutmagy islän kişileriň (şol ýoly tutmaklaryny soraýaryn)".

58. We ölmeýän dirä töwekgel ediň hem-de Oňa hamdy-sena aýtmak bilen (Ony) päkläň! Ol öz bendeleriniň günälerinden ýeterlik habardardyr.

59. Ol asmanlary we Ýeri, olaryň arasyndaky bar närseleri alty günde ýaradyp, soňra Öz arşynda ornaşandyr. Ol Rahmandyr. Bes, Ol hakynda bilýänlerden soraň!

60. Haçanda (müşriklere): "Rahmana sejde kylyň" diýilse, olar: Rahman diýýäniň näme? Eýsem seniň buýran närsäňe sejde kylybererismi?" diýişerler we (bu söz) olary (imandan) ýene-de daşlaşdyrar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat nobatdaky sejde aýatydyr.

61. Asmanda burçlary ýaradan we onda çyrag - Güni we Aýy peýda kylan zat - bereketli, beýikdir.

62. Ol ýatlatma-ybrat almakçy bolan ýa-da şükür kylmakçy bolan kişiler üçin gije we gündizi (biri-biriniň) ornuna getirijidir.

63. Rahmanyň (söýgüli) bendeleri Ýerde ulumsylyk bilen ýörýän jahyl kimseler (bimany) haýbatlar eden wagtda hem "Aman boluň!" diýip jogap berýänlerdir.

64. Olar gijelerini Perwerdigäre sejde edip, we (namaz jaýda) dik durup - bidar oturýan kişilerdir.

65. Olar: "Perwerdigär, Özüň bizden jähennem azabyny dep etgin Hakykatdan hem, Onuň azaby gitmez-baky (azapdyr).

66. Hakykatdan hem, ol iň ýaman menzil we iň ýaman jaýdyr" diýýän kişilerdir.

67. Olar haýyr-yhsan eden wagtlarynda, isrip hem, gysgançlyk hem bahyllyk hem etmezler. (Belki, yhsanlary) ana, şol (gysgançlyk bile isribiň) arasynda - ortalyk bolar.

68. Olar Alla bilen (ýene) başga bir ylaha sygynmazlar we Allanyň (öldürmegi haram eden) bir jany hem nähak öldürmezler hem-de zyna etmezler. Kim, ine, şu (günälerden birini) etse, bela-betere duçar bolar.

69. Kyýamat Gününde onuň üçin azap birnäçe esse ediler we beýle kimse o taýda horlanan ýagdaýda baky galar.

70. Meger kim toba kylsa we iman getirip, ýagşy amallar kylsa, bes, Alla, ana, şolaryň günälerini sogaba öwrer. Alla geçirimlidir mähribandyr.

71. Kim toba edip, ýagşy (amallar) etse, elbetde, Ol Allanyň (rysk magrypatyna) gaýdar.

72. Olar (ýagny, Rahmanyň söýgüli bendeleri) ýalan güwälik-bermezler we lagw (bihuda söz ýa amal) ýanyndan öten wagtlarynda alyjenaplyk bilen (ondan ýüz öwrüp) öterler.

73. Olara Perwerdigäriniň aýatlary ýatladylan wagtda, ol (aýatlara) güň we kör bolup ýykylmazlar (belki, olary aňlap-bilip, amal ederler, köre-kör yňdyrylmazlar).

74. Olar: "Perwerdigär-ä, Özüň bize jübüti-halallarymyzdan we zürýatlarymyzdan (ýaňa) şady-horramlyk hadýa (sowgat) etgin we bizi takwalara peşwa (duçar) kylgyl" diýýänlerdir.

75. Ana, şolar sabyr-kanagat edenleri sebäpli, (jennetdäki) uly derejeler bilen sylag- lanarlar we ol jaýda perişdeler tarapyndan

salam we amanlyk bilen garşy alnarlar.

76. Olar şol taýda baky galarlar. Ol iň gözel mesgen iň gözel menzildir.

77.(Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň: "Eger doga-dileg kylmasaňyz, Perwerdigärim Size perwaý etmez. Bes, siz (onuň iberen pygamberini) ýalançy hasap etdiňiz. Indi, elbetde, (basym azap-ukubat) size, şek-şübhesiz, lazym bolar".

26. ŞAHYRLAR SÜRESI

Iki ýüz ýigrimi ýedi aýatdan ybarat "Şahyrlar" süresi hem Mekge surelerindendir. Ol Gurhanyň Alla tagala tarapyn inderilen ybrat-göreldedigini tassyklamak bilen başlanyp, pygamber alaýhy-s-salama müşrikleriň imansyzlyklaryna gaýgylanmak gerek däldigi aýdylýar we olaryň ýakynda - Kyýamat güni Allanyň azabyna duçar boljakdyklary habar berilýär.

Bu sürede hem owal öten käbir pygamberler hakynda hekaýa edilip, olaryň ählisiniň bir zada - ýeke-täk Allaga iman getirip, Onuň Özüne etagat etmäge çagyrandyklary aýdylýar we olary ýalançy hasap eden kimseleriň tapan akybet-heläketleri teswirlenýär.

Süräniň soňunda ýene Gurhan dogrusyndaky söze gaýdyp, onuň jynlaryň getiren ýasama zatlary ýa-da şahyrlaryň düzen şygyrlary däl-de, belki, Allatagala tarapyn Jebraýyl perişdäniň üsti bilen açyk arap dilinde hasyl edilen ylahyý Kitapdygy takyklanýar.

Bu sürede Alla tagalanyň şahyrlar hakyndaky kelemesi hem orun alandygy sebäpli, ol "Şuara-Şahyrlar" süresi atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ta, Sin, Mim.

2. Şu (aýatlar) açyk-röwşen Kitap aýatlarydyr.

3.(Eý, Muhammet), belki, siz (Mekge müşrikleriniň) mömin bolmandyklary üçin özüňizi helak edýänsiňiz. (Beýle etmäň, çünki);

4. Eger Biz (olaryň mömin bolmagyny) islesek, olara asmandan aýat-mugjyza inderip, şonuň bilenem (olar) boýunlary egilip, (lal bolup) galardy. (Emma Biz muny islemeýäris, çünki, iman-ynanjyň naçar-nalaçykdan däl, belki, kalbyň kanagaty-ähtiýaçy bilen, zerurlygy bilen ygtyýarly bolmagy lazymdyr).

5. Olara Rahman tarapyn bir täze ýatlatma gelse, elbetde, olar ondan ýuz öwürdiler.

6. Bes, anyk ki, olar (pygamberi) ýalançy hasap etdiler. Indi ýakynda özleriniň masgara eden zadynyň ahwalaty (akybet-netijesi) geler.

7. Eýsem, olar Ýeri - onda Biziň ençe dürli peýdaly (ösümlik)leriň näçesini ýaradyp goýanymyzy görmedilermi?!

8. Elbetde, munda aýat-ybrat bardyr. (Ýöne Mekge müşrikleriniň) köpüsi iman getirmediler.

9. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň Özi (kapyrlardan) üstün (möminlere) mähribandyr.

10-11. (Eý, Muhammet), ýatlaň, Perwerdigäriňiz Musaga nyda kylyp "Ol zalym kowuma - Firawun kowumyna bargyl, (olar) Menden gorkmaýarlarmy?! (diýipdi).

12. Musa aýtdy: "Perwerdigärim, (elbetde, emriňe etagat ederin-de, zalym kowumyň, alnyna bararyn, diňe) olaryň meni ýalançy etmiginden gorkýaryn.

13. We (olaryň, meni ýalançy hasap etmeginden) kalbym eziler, dilim hem çeper däldir, bes, (Müsürde Firawun zulumynyň astynda ýaşap ýören agam, ýoldaşym) Haruna hem (pygamberlik) iberseň, (ol maňa kömekçi bolsa);

14. Ýene olaryň öňünde men günäkär (ýagny, olar meni müsürli bir ýaş ýigidi kast edip öldürmekde aýyplaýarlar), bes, meni (Seniň permanyňy olara ýetirmezimden öň) öldürmeklerinden gorkýaryn".

15. (Alla) aýtdy: "Ýok, (olar seni öldürip bilmezlsr). Bes, (ýoldaşyň Harun bilen) Biziň aýat-mugjyza(larymyzy) alyp baryň! Elbetde, Biz siziň bilen bile (sorag-jogaplaryňyzy) eşidip durarys.

16. Indi Firawuna baryp aýdyň: "Hakykatdanam, biz bütin älemler Perwer- digäriniň ilçileridiris.

17. (Gol astyňdaky) Beni Ysraýyl (kowumyny) bize goşup (öz ýurtlary. Palestina, Kengana) ugratgyl" (diýip).

18. (Olar gelip Firawuna şu sözleri aýdandan soň, ol Musa seredip); "Biz seni çaga mahalyň öz aramyzda (köşgümizde) terbiýelemänmidik, ömrüň birnäçe ýylyny aramyzda geçiripdiň-le!

19. Soňra köre-körlerden bolup eden etmişiňi edipdiň-le (ýagny, ýaş bir ýigidi öldürip gidipdiň-le!").

20. (Musa) aýtdy: "Şonda men ol işi (onuň öljegini) bilmezlikden edipdim.

21. Soňra sizden gorkup gaçyp gidipdim. Soňra Perwerdigärim maňa ylym-hikmet berdi we maňa pygamberlik berdi.

22. Şol seniň maňa minnet edýän nygmatyň (aslynda) seniň Beni Ysraýyly gul etmegiňdir".

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýata şeýle düşünmek lazym: "Eý, Firawun, sen meni çagalygymdan terbiýeläp ösdüreniňi maňa minnet edýärsiň. Aslynda, näme sebäpden men seniň köşgüňe geldim? Sen Beni Ysraýyl kowmyny gul edip, olaryň barça ogul perzentlerini öldurýäniň, üçin enem ölumden alyp galjak bolup, sandyga salyp suwa goýberdi. Eger Sen Beni Ysraýyl kowumyna beýle sütem etmedik bolsaň, meni hem öz enem-atam terbiýelärdi. Ana, şol etmişiňi nygmat (ýagşylyk) diýip atlandyrmaga utanaňokmy?! Bu aýat özge ýurtlary basyp alyp, özüne bakna eden, soňra: "Biz sizi terbiýeläp, adam etdik" diýip, dawa edýän barça basybalyjylara berlen jogapdyr.

23. Firawun aýtdy: "Barça älemleriň Perwerdigäri (diýeniň) näme?"

24.(Musa) aýtdy: "Ol, eger ynanýan bolsaňyz, asmanlar we Ýeriň, olaryň arasyndaky närseleriň Perwerdigäri - eýesidir".

25.(Firawun) töweregindäkilere: "Munuň gepine gulak asýarsyňyzmy" diýip, (gülüp masgara etdi).

26.(Musa) aýtdy:"Ol siziň hem, öten ata-babalaryňyzyň hem Perwerdigäridir".

27.(Firawun) aýtdy: "Size ilçi edip iberilen bu pygamberiňiz, şek-şübhesiz, jynlydyr".

28.(Musa) aýtdy: "Eger akyl ýöredýän bolsaňyz, ol (Alla) maşryk we magrybyň hem-de olaryň arasyndaky bar närseleriň Perwerdigäridir".

29.(Firawun) aýtdy: "Kasam ki, eger sen menden özgäni özüňe ylah edip alan bolsaň, elbetde, men seni zyndana bent edip goýaryn!".

30.(Musa) aýtdy: "Eger men saňa (özümiň hak pygamberdigime delalat edýän) açyk närse-mugjyza getirsem hemmi?".

31.(Firawun) aýtdy: "Bes, eger rastgöý bolsaň, şol (mugjyzaňy) getir hany?!"

32. Şonda (Musa) hasasyny taşlady, şol bada ol uly ajdarha öwrüldi.

33. Soňra goluny (ýeňinden) çykardy, şonda ol seredip duranlara ap-ak bolup göründi. (Aslynda Musanyň özi garaýagyz adamdy).

34.(Firawun) töweregindäki adamlara: "Şübhesiz bu (Musa) güýçli jady- göýdir;

35. Ol öz jadysy bilen sizi öz ýeriňizden çykarmakçy, (siz muňa) näme diýersiňiz?" diýdi.

36-37. Olar aýtdylar: "Ony we agasy (Harun)y bärde sakla-da, hemme şäherlere (sähргärleri-jadygöýleri ýygnap getirjek adamlary) iber. Olar saňa ähli güýçli sähргärleri getirsinler". ,

38. Bes, sähргärler belli günde bellenen ýerde toplandylar;

39-40. We adamlara: "Siz hem toplandyňyzmy? Ähtimal, biz - eger sahrgärler üstün çyksalar, şolara eýereris" diýildi.

41. Indi haçanda sährgärlerem gelip, Firawuna: "Eger biz üstün çyksak, biz üçin uly sylag bolarmy?" - diýişdiler.

42. Ol: "Hä, onda, elbetde, siz meniň ýakynym bolarsyňyz" diýdi.

43. Musa olara: "Taşlajak zadyňyzy (orta) taşlaň" diýdi.

44. Bes, olar ýüplerini we hasalaryny (ýere) taşladylar we: "Firawunyň gudratyna kasam bolsun, biz üstün çykarys" diýdiler.

45. Soň Musa hasasyny taşlady, öz-özünden ol (hasa) olaryň ýalanlaryny (ýylanlaryny) ýuwdup başlady.

46-47-48. Bes, ol sährgärler sejde edip, ýere ýykyldylar-da: "Bütin älemleriň Perwerdigärine - Musa we Harunyň Perwerdigärine iman getirdik" diýdiler.

49.(Firawun) aýtdy: "Men rugsat bermesem-de, oňa iman getirdiňizmi?! Elbetde, ol (Musa) size sähr öwreden ussadyňyzdyr. Indi ýakynda bilersiňiz - elbetde, men el-aýaklaryňyzy atanaklaýyn (sag el we çep aýagyňyzy ýa-da tersine) keserin we siziň hemmäňizi dardan asaryn".

50. Olar aýtdylar: "Zeleli ýok (biz mundan gorkmaýarys). Elbetde, biz Perwerdigärimize gaýtjakdyrys.

51. Elbetde, biz (Musaga birinji iman getirenler bolanymyz üçin) Perwerdigärimiziň biziň günä-hatalarymyzy geçirjegine umyt edýäris".

52. Biz Musaga: "Bendelerim (ýagny, Beni Ysraýyl kowumy) bilen bile gije ýola çyk! Elbetde, Siziň yzyňyza düşüler (ýagny, Firawun we onuň goşuny yzyňyzdan kowup ýeter)" diýip wahyý iberdik.

53. Bes, (Musa we onuň kowumynyň, ýola düşeninden habar tapan) Firawun barça şäherlere (esger) ýygnamaga (çapar) iberdi (we diýdi):

54."Anyk ki, olar bir kowum aýakýalaňaçlardyr.

55. Dogrudan hem, olar (gol astymyzdan çykyp gidip) bizi gazaplandyrdylar.

56. Şübhesiz, biz ätiýaç çärelerini görýän kowumdyrys".

57-58-59. Bes, ine, şeýdip, Biz olary (Firawuny we oňa eýerenleri) baglardan, bulaklardan, hazynadan we uly ajaýyp mesgenden aýyrdyk we olara (bu hazynalaryň hemmesine) Beni Ysraýyly warys(eýe) kyldyh,

60. Bes, (Firawun)daň atanda olaryň (yzyndan) kowup ýetdi.

61. Indi haçanda iki jemagat bir-birlerini görenden soň, Musanyň ýoldaşlary: "Biz gürrüňsiz tutuldyk (çünki, öňümizde hiç hili ýol ýok diňe deňiz bar)" diýdiler.

62.(Musa) aýtdy: "Ýok, anyk, ki, meniň bilen bile Perwerdigärim bardyr. Elbetde, Ol meni dogry ýoldan äkider".

63. Bes, Biz Musaga: "Hasaň bilen deňzi urgun" diýip wahyý iberdik. Bes, (deňiz) bölünip, her bir bölek (suw) belent dag ýaly boldy. (Soň Musa we onuň kowumy deňziň ortasyndan açylan ýola düşçdüler).

64. We yzdakylary (Firawun we onuň goşunyny hem) şol (ýola) ýakyn getirdik.

65. We Musa hem-de onuň bilen bile bolanlaryň, hemmesine kömek berdik.

66. Soňra yzkylary (kowguçylary deňze) gark edip goýberdik.

67. Elbetde, munda (Firawunyň we onuň kowumynyň düşen bagtsyzlygynda) aýat-ybrat bardyr. (Ýöne adamlaryň) köpüsi iman getirmeýärler,

68. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň Özi (kapyrlardan) üstün, (möminlere) mähribandyr.

69. (Eý, Muhammet), olara Ybraýym habaryny beýan ediň.

70. Şonda ol atasyna we kowumyna: "Nämä ybadat edýärsiňiz?" diýende;

71. Olar: "Buta we senemlere ybadat edýäris. Bes, olara wepaly (sadyk) bolup galarys" diýdiler.

72-73. (Ybraýym) aýtdy: "Doga-dileg eden wagtyňyzda (butlar) sizi eşidýärmi ýa-da size peýda, zyýan getirip bilýärmi?"

74. Olar diýdiler: "Ýok, biz ata-babalarymyzyň hem şeýle (butlara ybadat) edenlerini görüpdik (şonuň üçin biz hem butlara ybadat edýäris).

75-76. (Ybraýym) aýtdy: "Siziň özüňiz hem, gadym ata-babalaryňyz hem ybadat edýän butlaryňyz hakyida oýlandylarmy?

77. Şek-şübhesiz, olar maňa duşmandyr (bes, men olara ybadat etmerin) meger barça älemler Perwerdigärine (ybadat ederin).

78. Ol meni ýaradandyr, bes, Özi meni dogry ýola düşürer.

79. Onuň Özi meni doýurar hem gandyrar.

80. Kesellesem, Onuň Özi şypa berer.

81. Ol meni öldürer, soňra (kyýamat gününde gaýtadan) dirilder.

82. Onuň jeza (kyýamat) gününde meniň günä-hatalarymy geçirjekdigine umyt edýärin.

83. Perwerdigärim, maňa ylym-hikmet sowgat etgin we meni salyh (bendeleriň) hataryna goşgun.

84. Ýene meniň üçin indiki geljekler arasynda rast magtaw (öwgüler) etgin.

85. Ýene meni naz-nygmatly baglara warys (eýe) etgin.

86. Atamy hem magrypat etgin. Ol, şübhesiz, azaşýanlaryň (biri) boldy.

87. We (ähli barlyk) gaýtadan dirilýän Günde meni şermende kylmagyn".

88. Ol günde mal-döwletem, bala-çaga-da kömek bermez.

89. Meger diňe Allanyň huzuryna arassa kalp bilen gelenlere (peýda bolsa).

90. (Ol Günde) jennet takwalara ýakyn edildi.

91. Ýoldan azan kimselere dowzah görkezip goýuldy.

92-93. We olara: "Siziň Allany goýup, ybadat edip öten butlaryňyz hany? Olar size ýardam edip bilermi ýa-da özleri (birewden) ýardam alyp bilermi?" diýildi.

94-95. Bes, ol (butlar), ýoldan azan kimseler we iblis leşgeri (ýagny, adamlary hak ýoldan azdyran kimseler)iň hemmesi (dowzaha) taşlandy.

96. Olar (dowzahda) dartyşyp-çekişip (dawalaşyp), diýdiler:

97-98. "Alla adyna kasam ki, elbetde, biz sizi (eý, but we senemler) ähli älemleriň Perwerdigärine deňeşdiren wagtymyzda, açyk zelaltda bolan ekenik.

99. Bizi diňe jenaýatçylar ýoldan azdyrdy.

100-101. Indi biz üçin ne aklawçy, ne-de bir gadyrdan dost bardyr.

102. Bes, hany indi ýene bir mertebe (gaýtadan ýaşamagyň alajy) bolsady, biz hem mömin bolsak".

103. Elbetde, munda (ýagny, Ybraýym we onuň kowumy hakyndaky kyssada) aýat-ybrat bardyr. (Ýöne adamlaryň) köpüsi iman getirmediler.

104. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň Özi (kapyrlardan) üstün, (möminlere) mähribandyr.

105. Nuh kowumy pygamberleri ýalançy hasap etdi (ýagny, olar Nuhy hem, başga pygamberleri hem inkär etdiler).

106. Şonda olara doganlary Nuh aýdypdy: "(Alladan gorkmaýarsyňyzmy?!)

107. Elbetde, men siz üçin ygtybarly pygamberdirin.

108. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat ediň!

109. Men sizden bu (ýoly başlanym) üçin sylag-serpaý soramaýaryn. Meniň sylag-sogabym diňe bütin älemleriň Perwerdigäriniň borjundadyr.

110. Bes, Alladan gorkuň we maňa boýun synyň!"

111. Olar aýtdylar: "Saňa peskeş (aýakýalaňaç) kimseler eýerýän bolsa, biz saňa iman getirerismi?"

112.*(Nuh) aýtdy: "Men olaryň näme iş-amal edýänlerini bilmeýärin.*

113. Eger bilseňiz, olaryň hasap-kitaby ýalňyz Perwerdigäriň boýnundadyr.

114. We men (siziň sözüňize gidip) mömin bolan kişileri (huzurymdan) kowmaryn.

115. Men diňe açyk habardar edijidirin".

116. Olar aýtdylar: "Kasam ki, eger (bu çagyryşyňdan) saklanmasaň eý, Nuh, elbetde, üstüňden daş ýagdyrarys!"

117.(Şonda Nuh) aýtdy: "Perwerdigärim, kowumym meni ýalançy hasap etdi.

118. Indi Sen Özüň meniň bilen olaryň arasyny açyp bergin we maňa hem-de meniň bilen bile bolanlara najat bergin".

119. Bes, Biz oňa we onuň bilen bile bolan möminlere (adamlar haýwanlar we perren -deler bilen) doly gämide najat berdik.

120. Soňra (olara najat-kömek berenimizden soň) galanlaryny gark etdik.

121. Elbetde, munda (ýagny, Nuh we onuň kowumy hakyndaky kyssada) aýat-ybrat bardyr. (Ýöne adamlaryň) köpüsi iman getirmediler.

122. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň Özi (kapyrlardan) üstün, (mömin- lere) mähribandyr.

123. Aat (kabylasy) pygamberlerini ýalançy hasap etdi.

124. Şonda olara gardaşlary Hud aýdypdy: "(Alladan) gorkmaýar-syňyzmy?!

125. Elbetde, men siz üçin ynamdar pygamberdirin.

126. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat ediň!

127. Men bu (çagyryşym) üçin sizden sogap-sylag soramaýaryn. Meniň sogap-sylagym diňe ähli älemleriň Perwerdigäriniň borjundadyr.

128. Siz her bir depede tomaşa (oýun-gülki) üçin belent bina guruber- ýäňizmi?

DÜŞÜNDIRIŞ. Nakl edişleriçe, Aat tiresi haý-höwese berlen bolup, öz şäher- leriniň daşyndaky ýol ýakalaryna hem oýun-gülki edilýän belent-bezegli ymaratlar gurýarlar we öz ýaşaýan jaýlaryny hem göýä hiç haçan ölmejek ýaly hetdenaşa mäkäm we nagyş-nigarly edip gurup, bütin ömürlerini, ine, şeýle bihuda-biderek işlere sarp edýärler we onuň üçin hondanbärsi boluşyp, öwnüp ýörýärdiler. Bular we bulardan soňky geljek aýatlarda Hud alaýhy-s-salamyň olary beýle biderek işler bilen meşgullanmakdan gaýtaryp, dünýä we ahyret üçin peýdaly işlere mübtela bomaga çagyrandygy hakynda habar berilýär.

129. We göýä baky ýaşajak ýaly kasr-köşkler salýarsyňyzmy?!

130. Haçan (bir kişini jezalandyrmak üçin) tutsaňyz, birehim tutýarsyňyz!

131. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat ediň!

132. We sizi özüňiziň bilýän nygmatlaryňyz bilen goldandan-sylandan (Alladan) gorkuň!

133-134. Ol sizi çarwa mallar we ogul (perzentler) bilen, baglar we bulaklar bilen goldady ahyryn!

135. Elbetde, men siziň üstüňizden uly Günüň - kyýamat azabynyň düşmeginden gorkýaryn".

136. Olar aýtdylar: "Seniň wagyz-nesihat etmegiň ýa-da wagyz-nesihat etmezligiň biz üçin barybir (ýagny, pent-nesihat edip, azara galma).

137. Elbetde, bu (aýşy-eşrete, keýpi-sapa berlip, ömür ötürmek) owalkylardan galan adatdyr.

138. Biz (hem) onuň üçin azaba duçar bolmarys".

139. Bes, olar (Hudy) ýalançy hasap edenden soň, Biz olary gazaba duçar etdik. Elbetde, munda (Hud we onuň kowumy bolan Aat tiresi hakyndaky kyssada) aýat-ybrat bardyr. (Ýöne adamlaryň) köpüsi iman getirmediler.

140. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň Özi (kapyrlardan) üstündir, (mömin- lere) mähribandyr.

141. Samud (tiresi) pygamberi ýalançy hasap etdi.

142. Şonda olara gardaşlary Salyh aýdypdy: "(Alladan) gorkmaýarsyňyzmy?!

143. Elbetde, men siziň üçin ynamdar pygamberdirin.

144. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat kylyň!

145. Men bu (hyzmatym) üçin sizden sylag-serpaý hantama däldirin, Meniň sylag-serpaýym diňe bütin älemleriň Perwerdigäriniň borjundadyr.

146-147-148. Siz bu ýerdäki närselerde - baglarda, bulaklarda, ekinler we näzik miweli daragtlaryň içinde galdyrylarmysyňyz (ýagny, şeýle naz-nygmatlardan peýdalanyp, baky ýaşabereris diýip oýlaýaňyzmy)?!

149. Ýene ökdelik we gedemlik bilen daglardan öý hem ýonýarsyňyz (ýasaýar- syňyz) my?

150. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat kylyň!

151-152. We Ýer ýüzünde bozuklyk edýän we (hiç zada) parh etmeýän hetden aşýan kimseleriň emrine boýun synmaň!"

153. Olar aýtdylar: "Hiç şek-şübhesiz, sen jadylanan – aklyndan azan kimsesiň.

154. Sen hem edil biz ýaly adamsyň. Bes, eger (pygamber diýen dawaňda) dogruçyl bolsaň, bir aýat-mugjyza getir!"

155. Ol aýtdy: "(Meniň mugjyzam) ine, şu düýedir. (Belli bir gün suw) içmek nobaty onuňkydyr. Belli bir gün bolsa, siziň içme! nobatyňyzdyr.

156. Ýene oňa bir ýamanlyk ýetirmäň, ýogsa sizi Ulug Günüň – Kyýamatyň azaby tutar".

157. Bes, olar (düýäni) soýdular-da, nedamat edijilere öwrüldiler.

158. Olary azap tutdy. Elbetde, munda (Salyh we onuň kowumy hakyndaky kyssada) aýat-ybrat bardyr. (Ýöne adamlaryň) köpüsi iman getirmediler.

159. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň Özi (kapyrlardan) üstün, (möminlere) mähribandyr.

160. Lut kowumy pygamberi ýalançy hasap etdi.

161. Şonda olara gardaşlary Lut aýdypdy: "(Alladan) gorkmaýarsyňyzmy!

162. Elbetde, men siziň üçin ynamdar pygamberdirin.

163. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat kylyň!

164. Men bu (işim) üçin sizden sylag-serpaý soramaýaryn. Meniň sylag-serpaýym bütin älemleriň Perwerdigäriniň borjundadyr.

165. Siz barça älemlerden (parhlanyp, hiç bir janly-jandaryň etmedik işini edip) erkeklere ýanaşýarmysyňyz?!

166. We Perwerdigäriňiziň siziň üçin ýaradan jübüti-halallaryňyzy terk edýärmisiňiz?! Ýok, siz hetden aşan kowumsyňyz"

167. Olar aýtdylar: "Kasam ki, eger (bu işiňden) saklanmasaň, eý,Lut, elbetde, sürgün edilersiň".

168. Ol (Lut) aýtdy: "Elbetde, men siziň (bu) işleriňizi ýaman görýärin.

169. Perwerdigärim, maňa we ilime (maňa iman getirenlere) olaryň, (kapyr- laryň) edýän amallarynyň (akybetinden) najat bergin!"

170. Bes, Biz oňa we onuň ähli tabyn illerine najat berdik.

171. Meger (azap astynda) galmaly bir aýala (ýagny, Lutuň imansyz hatynyna najat-kömek bermedik).

172. Soňra (şol aýal bilen bile) başgalary (hem) heläk etdik.

173. We olaryň üstüne daş ýagdyrdyk. Bes, (azap hakynda) duýdurylan (ýöne öz ýaramaz etmişlerinden gaýtmadyk) kimseleriň (kysmaty) ýagyşy örän ýaman boldy.

174. Elbetde, munda (Lut we onuň kowumy hakyndaky kyssada) aýat-ybrat bardyr. (Ýöne adamlaryň) köpüsi iman getirmediler.

175. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň Özi (kapyrlardan) üstün, (mömin- lere) mähribandyr.

176. Bag eýeleri (al-Aýyk, ýagny, Şuaýb pygamberiň, kowumy) pygamberlernni ýalançy hasap etdiler.

177. Şonda olara Şuaýb aýdypdy: "(Alladan) gorkmaýarsyňyzmy?!

178. Elbetde, men siziň üçin ynamdar pygamberdirin.

179. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat kylyň!

180. Men bu (işim) üçin sizden sylag-serpaý soramaýaryn. Meniň sylag-serpaýym diňe barça älemleriň Perwerdigäriniň borjundadyr.

181. Ölçegi (terezini) doly ölçäň we kem ölçeýji bolmaň!

182. We düzüw terezi bilen ölçäň!

183. Adamlara zady kem bermäň we Ýer ýüzünde bozuklyk edip, entäp ýörmäň!

184. Hem-de sizi hem, (sizden) owal ýaradylan ymmatlary hem ýaradandan - Alladan gorkuň!"

185. Olar aýtdylar: "Hiç şek-şübhesiz, sen jadylanypsyň, akyldan azaşypsyň.

186. Sen hem edil biz ýaly adam. Elbetde, biz seni ýalançy diýip güman edýäris.

187. Bes, eger rastgöý bolsaň, üstümize asmanyň bir bölegini okla!"

188. Ol aýtdy: "Perwerdigärimiň Özi siziň edýän amallaryňyzy oňat bilýändir (ýagny, siz nähili azaba mynasyp bolsaňyz, Allanyň Özi bilip, jezaňyzy berer)".

189. Bes, olar (Şuaýby) ýalançy hasap edenlerinden soň, olary "saýawan" gününiň azaby tutdy. Hakykatdan hem, ol uly, elhenç günüň azabydy!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ulamalaryň aýtmaklaryna görä, Alla tagala Şuaýb aleýhy-s-salamyň kowumyny Şuaýba iman getirmekden el çekenlerinden soňra, ilk-ä gaty yssy bilen tutupdyr. Şonda olar demigip, öýlerinden daşa - açyk sähra çykanlarynda, Alla tagala olaryň üstlerine bir buludy saýawan edip iberýär we olar şol "saýawanyň" astynda üýşüp durkalar, asmandan ot ýagyp, hemmessini diriligine köýdüripdir.

190. Elbetde, munda (Şuaýb we onuň kowumy hakyndaky kyssada) aýat-ybrat bardyr. (Ýöne adamlaryň) köpüsi iman getirmediler.

191. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň Özi (kapyrlardan) üstün, (möminlere) mähribandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu sürede öten pygamberler hakynda ýedi kyssa şekillendi. Alla tagala Özüniň soňky pygamberi Muhammet alaýhy-s-salama, onuň Mekge müşrikleriniň imansyzlyklaryndan çendenaşa azar çekip duran wagtynda, owalky pygamberleriň kyssalaryny sözlemek bilen oňa teselli berip, beýle imansyz kimseleriň öň hem bolandygyny we mundan beýläk hem boljakdygyny aýan edýär.

192. Elbetde, (bu Gurhan) barça älemleriň Perwerdigäri tarapyn hasyl edilendir.

193-194-195. (Eý, Muhammet), siz (ahyret azabyny) duýduryjy bolanyňyz üçin ony (Gurhany) kalbyňyza Ruhul Emin-Jebraýyl açyk-röwşen araby dil bilen hasyl kyldy.

196. Elbetde, (Gurhan hakyndaky habarlar) ötenleriň, kitaplarynda hem bardyr.

197. Ahyr (Gurhan hakynda) Beni Ysraýyl alymlarynyň hem bilýändikleri (Mekge müşrikleri) üçin (Gurhanyň, hakykatdan hem, Alla tarapyn inderilen- digine) aýat-delil dälmi?!

198-199. Eger Biz (Gurhany) ajamlardan (ýagny, arap bolmadyk kişileriň) birine indersek, bes, ol (Gurhany) olara (kapyrlara) okap berse, (barybir) oňa hem iman getirmezdiler.

200.(Pygamberi ýalançy hasap etmegi) jenaýatkär kişileriň kalbyna, ine, şeýle salyp goýandyrys.

201. Olar tä agyr azaby görýänçäler (Gurhana) iman getirmeýärler.

202. Bes, ol (azap) olara özleri bilmänkä, duýdansyz geler.

203. Soň olar: "Bize (biraz) möhlet berilmezmikä (elbetde, iman getirerdik)" diýip galarlar.

204. Bes, olar Biziň azabymyzy tizleşdirýärlermi?!

205-206-207. (Eý, Muhammet), hany habar beriň, eger Biz olara uzak ýyllar (sag-salamatlyk, mal-döwlet berip) peýdalandyrsak, soň olara wada edilen närse (azap) gelse, (şol wagt) olara (durmuşy dünýäde) peýdalanan närseleri peýda berermi?!

208-209. Biz birem oba-şäheri heläk etmedik, meger, onuň üçin (azap, betbagtlyk barada) duýduryjy (pygamberler) bolan ýagdaýynda (ol ýerleriň illeri diňe öz pygamberlerini ýalançy hasap edenlerinden soňra) ýatlatma-ybrat bolsun diýip (heläk etdik). We Biz zalym bolmadyk.

210. (Gurhany asmandan) jynlar alyp düşmedi.

211. Olar üçin munuň mümkinçiligi ýok we olar muňa kadyr däldirler.

212. Çünki olar (wahyýny ogrynça) eşitmekden anyk çetleşdirilendir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Mekge müşrikleri owal: "Gurhany Muhammediň özi ýazypdyr" diýip gördüler, ýöne bu töhmetleri peýda bermedi, çünki, pygamber alaýhy-s-salamyň Gurhan ýaly mukatdes kitaby ýazmak däl, ony okap bermäge hem kadyr bolmadyk sowatsyz kişidigi mekgelilere mälimdi. Şondan soň, olar: "Başga palçylar ýaly, Muhammediň hem öz jynlary bar. Oňa Gurhany şolar öwredýärler" diýen täze ýalany oýlap tapdylar. Bu aýatlarda Alla tagala bu işleriň jynlaryň elinden gelmeýändigini, olaryň asman habarlaryny eşitmekden çetleşdirilendigini aýdyp (bu hakda "Hijr" süresiniň 17-18-njy aýatlarynda hem zikr edilipdi) Gurhany-kerimi Onuň Özüniň Allanyň hasyl eden-digi takyklanýar. Süräniň 221-222-223-nji aýatlarynda şu meselä dolanylyp, jynlaryň kimleriň öňüne düşýändigi aýdylýar.

213. Bes, (eý, Muhammet): "Siz Alla bilen bile (ýene bir) başga "ylaha" dileg etmäň! Onda azap berilýänlerden bolarsyňyz.

214. We ýakyn garyndaşlaryňyza (Allanyň azabyny) duýduryň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu iki aýatda Alla tagala Öz pygamberine ýalňyz Alladan özge islendik bir kimsä ýa-da närsä sygynmazlygy we başda bu hak dine öz ýakyn garyndaşlaryňy çagyrmagy buýurdy. Şu aýatlaryň hasyl bolmagy bilen pygamber alaýhy-s-salam garyndaşlaryny ýygnap, olara ahyret azabyndan diňe öz iman-amallary bilen halas bolup bolýandygyny duýdurýar we jümleden öz gyzlaryna garap şeýle diýýär: "Eý, Patma, näçe sorap, ýalbarsaň-da, men seni ahyret güni halas etmeýärin, ýagny, ahyret azabyndan pygamberiň gyzy bolanyň üçin däl, eýsem, diňe öz amalyň bilen gutulyp bilersiň" diýýär. Bu Muhammet alaýhy-s-salamyň ähli ymmatlaryna sapakdyr.

215. Özüňize eýeren möminler üçin ganatyňyzy pes tutuň (ýagny, olar bilen mylakatly, pespäl boluň!)

216. Bes, olar etagatsyzlyk etseler, onda aýdyň: "Elbetde, men siziň amallary-ňyzdan päkdirin".

217. Ýeňiji we mähriban (Alla) töwekgel ediň!

218-219. Ol sizi özüňiz (namaza) turýan wagtyňyzda hem, sejde kylýanlaryň arasynda durýan wagtyňyzda, namaz aýatlarynyň birinden beýlekisine geçýän (wagtyňyzda hem) görüp durar.

220. Şek-şübhesiz, Ol eşidýändirem, bilýändirem.

221. (Eý, Muhammet, aýdyň): "Men size jynlaryň kimleriň (huzuryna) duşýän-digi hakda habar bereýinmi?

222. Olar bärça günä batan ýalaiçylaryň (ýanyna) düşüp.

223 Eşidenlerini (olara) taşlarlar. Olar (jynlar)yň köpüsi ýalançylardyr".

224. Şahyrlara ýoldan azanlar eýerer.

225-226. Olaryň (söz ummanyndan) her ummanda (her jülgede) enteýändiklerini (ýagny, özlerine ýakyn iň pes kimsäni göge göterip, özlerine ýaramadyklary topraga garyşlaryny) we aýdýan zatlaryny

özleriniň etmeýändigini görmediňizmi?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlar hemme zamanlardaky Alladan gorkmaýan, üstlerindäki häkimiýetiň-syýasatyň özgermegi bilen ýazýan zatlarynyň, gahrymanlarynyň hem özgerip gidiberýän, özgelere dogrulyk, ýagşylyk hakynda lap urup, özleri näpäk ýollardan ýöreýän erbet galamkeşler we bar ylham-döredijiligini magşuklarynyň görküni-görmegini taryplamaga sarp edýän namyzbazlar hakyndadyr. Ýöne imanly, ýagşy amallar edýän we mydama Allany ýatda saklaýan şahyrlaryň mundan azatlygy, päkligi dogrusynda hem nobatdaky aýaty Kerimde aýdylyp geçilýär. Ýene bu dogrusynda pygamber alaýhy-s-salamdan hem köp hadyslar rowaýat edilipdir. Şolaryň biri şeýle: "Sahabalardan bolan bir şahyr gelip, pygamber alaýhy-s-salama, Alla tagalanyň şahyrlar hakynda aýdan bu sözlerinden soň, biziň halymyz niçik geçer diýende, hezret şeýle jogap beripdir: "Mömin kişi hem tygy bilen, hem ili ýagny, galamy bilen Alli ýolunda göreşer. Ýaradan Eýämiň adyna kasam ki, siziň atan okuňyzyň tygy ötgürräkdir".

227. Meger, iman getiren we ýagşy amallar eden hem-de mydama Allany ýatda saklaýan we (ozal) mazlum bolanlaryndan soň (yslamdan ýardam tapanda) üstün bolan kişiler (ýagny, şahyrlar, ýoldan azdyryjy däldirler). Zalym bolanlar bolsa, ýakynda nähili akybete tarap gidip barýandyklaryny bilerler.

27. GARYNJALAR SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl bolup, togsan üç aýatdan ybaratdyr. Onda pygamberlerden Musa, Salyh, Lut alaýhy-s-salamlaryň kyssalary beýan edilýär we, hususan, Dawut we Suleýman alaýhy-salamyň Alla tagalanyň pygamberi bolmak bilen bile, ýene jemi ki ynsu-jyn, guş-gumursylar älemine hem patyşa bolandygy dogrusynda sözlenýär hem-de Süleýman alaýhy-salam bilen Saba ýurdunyň melikesi Bulkysyň arasynda bolup geçen wakalar teswirlenýär.

Ýene bu sürede Gurhandaky pent-nesihat, ybrat-ýatlatmalardan köňül gözi açyk adamlara peýdalanmak mümkinligi aýratyn takyklanyp geçilýär. Şonuň ýaly kyýamatyň kaýym bolşunyň öňünden Ýer ýüzüne çykýan jandar-janawerler hakyndaky habar, möminleriň we kapyrlaryň kyýamat günündäki ahwaly dogrusyndaky ybratly aýatlar bu süreden ýer alandyr. Sürede Alla tagalanyň iň, ejiz we zähmetkeş mahluklaryndan biri bolan garynja hakynda hem zikr edilýändigi sebäpli, ol "Naml Garynjalar" diýlip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ta, Sin. Şu (aýatlar) Gurhanyň - açyk (röwşen) Kitap aýatlarydyr.

2-3. (Bu aýatlar) namazy doly eda edýän, zekaty (hak eýelerine) bagyş edýän we ahyrete çyny bilen ynanýanlar - möminler üçin hidaýat we hoşhabardyr.

4. Elbetde, ahyrete iman getirmeýän kimseler üçin Biz (edýän) amal- laryny gözel görkezip goýandyrys. Bes, olar azaşyp-büdräp ýörýärler.

5. Ana, şol kimseler üçin (dünýäde hem) iň ýaman azap bardyr we olar ahyretde iň köp zyýan görjek kimselerdir.

6.(Eý, Muhammet), şek-şübhesiz, size bu Gurhan dana we bilimdaryň derga-hyndan inderiler.

7. Musanyň ili-maşgalasyna: "Men (bir) ot gördüm. Size ondan bir Habar getireýin ýa-da size ýylynmak üçin bir alaw-köz getireýin" diýenini ýatlaň!

8. Indi haçanda (ol oduň ýanyna) gelse, oňa nyda (owaz) eşdilýär:"Oduň ýanyndaky kişä (ýagny, Musa) we onuň ýanyndakylara (perişdelere) haýru-bereket bolsun. Barça älemleriň Perwerdigäri - Alla (aýbu-nogsanlardan) päkdir.

9. Eý, Musa, şek-şübhesiz, Men ýeňiji we hikmet sahyby - Alladyryn.

10. Hasaňy taşlagyn! "Bes, haçanda (Musa) onuň (hasanyň) ýylan ýaly ýörmeleýändigini görenden soň, yzyna seretmän gaçdy. (Şonda Biz aýtdyk): "Eý, Musa, gorkmagyn. Pygamberlerim Meniň huzurymda asla gorkmazlar.

11. Ýöne kim zulum edip, soňra - ýamanlykdan soň, ony gözel (amala) çalyşsa, bes, elbetde, Men geçirimli, mähribandyryn!

12. Eliňi ýeňiňe salgyn, ol hiç hili dertsiz, çuw ak bolup çykar. (Bu aýat-mugjyza, täsinlik seniň) Firawun we onuň kowumyna (alyp barýan) dokuz aýat-mugjyzanyň içinde bardyr". Hakykatdan hem, olar etagatsyz kowum boldular.

13. Bes, haçanda olara Biziň aýat-mugjyzalarymyz röwşen halda ýetip gelende, olar: "Bu açyk sähr-jady" diýdiler.

14. We özleri anyk bilip, zulum we men-menlik edip, ol (mugjyza gudraty) inkär etdiler. Indi, (eý, Muhammet) ol bozgak kimseleriň akybetiniň nähili bolandygyny görüň.

15. Kasam ki, Biz Dawuda we Süleýmana (ýeterlik) bilim bagyş etdik we olar: "Bizi köp mömin bendelerinden afzal eden Allaga

hamdy-senalar bolsun" diýdiler.

16. Süleýman (pygamberlik we ylymda) Dawuda warys (mirasyna eýe) boldy we aýtdy: "Eý, adamlar bize guşlaryň (we ähli janly-jandarlaryň) dili bildirildi hem-de (munuň üstesine özge pygamberlere we patyşalara berilýän) ähli närseler berildi. Elbetde, bu açyk fazly-merhemetiň özüdir".

17. Süleýmanyň (emri bilen) jynlar, ynslar we guşlardan 6olan leşger toplanyp, hatar durdular.

18. Täki, olar garynjalaryň ýurduna ýeten wagtlarynda, bir garynja:"Eý, garynjalar, hiniňize giriň, birden Süleýman we onuň leşgeri özleri bilmän, sizi basyp-basgylap gitmesin" diýipdi.

19.*(Süleýman) onuň sözüne ýylgyrdy we aýtdy: "Perwerdigärim, meni Seniň maňa we ata-eneme ynam eden nygmatyňa şükür etmäge we Seni razy etjek ýagşy amallar etmäge sebäpkär etgin we meni hem Öz fazly-rahmetiň bilen salyh bendeleriň hataryny goşgun".*

20-21. Ol guşlary gözden geçirip (olaryň arasynda hüthüte-hüýpipige gözi düşmänden soň): "Näme üçin men hüthüti göremok, belki ol (menden! idinsiz) gaýyp bolandyr?! Elbetde, men oňa gaty azap bererin ýa-da soýup goýbererin, ýa-da ol maňa (öz ötünjini beýan edip) açyk delil getirer" diýdi.

22. Soň (uzak eglenmän hüthüt gelip) diýdi: "Men seniň habardar bolmadyk zadyňdan habardar boldum we saňa Saba (şäherin)den anyk bir habar getirdim.

23. Hakykatdan hem, men bir aýaly gördüm. Ol (aýal) olaryň melikesi eken. Oňa ähli närseden bagyş edilen bolup, uly (haşamly) tagty hem bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Süleýman alaýhy-s-salam zamanlarynda (miladydan öň, takmynan onunjy asyrda) Ýemen ýurdunyň Saba şäherinde Bulkys atly

aýalyň hökmürowanlyk edendigi taryhdan hem mälimdir.

24-25. Men onuň kowumynyň Allany goýup, Güne sejde-ybadat edýändigini gördüm. Şeýtan olara (edýän) amallaryny gözel görkezip, olary (hak) ýoldan saklap goýandyr. Bes, olar (tä) Alla sejde edýänçäler, (hak ýola) hidaýat tapmazlar. (Alla) asmanlar we Ýerdäki ähli syrlary äşgär edýän hem-de siziň ýaşyrýan we äşgär edýän ähli zatlaryňyzy bilýändir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat sejde aýaty bolup, ony okaýana hem, eşidýäne hem bir mertebe sejde etmek wajypdyr.

26. Alla (birdir) - hiç hili ylah ýok, Onuň diňe Özi bardyr. Ol ulug arş eýesidir".

27. (Süleýman) aýtdy: "Sen rast sözlediňmi ýa-da ýalan, göreris.

28. Ine, şu haty alyp baryp, olara gowşurgyn, soňra olardan çete çekilip, diňläp dur, näme (jogap) gaýtarýarlar".

29. (Haçanda hüthüt Süleýmanyň hatyny alyp gelip, melike Bulkysyň öňüne oklanda), ol aýtdy: "Eý, adamlar, hakykatdan hem, ulug bir hat getirildi.

30-31. Elbetde, ol Süleýmandandyr we ol (hatda şeýle diýilipdir): "Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen, Siz maňa kibri-howa etmän, huzuryma boýun synyp geliň!"

32. (Melike ýene) aýtdy: "Eý, adamlar, maňa bu işimde pata-maslahat beriň. Men tä siz güwä bolýançaňyz, bir iş hakynda höküm edýän däldirin".

33. Olar aýtdylar: "Biz güýç-kuwwat we edermenlik, gaýduwsyzlyk eýeleri- diris. (Her işe) buýrmak seniň özüňe bagly. Bes, näme buýrjagyňy oýlap görüber (biz bolsa, saňa boýun synarys)".

34. Ol aýtdy: "Anyk ki, haçanda patyşalar bir ýurda (çozup) girseler, ony weýran ederler, adamlaryň abraý-ähtibaryny bolsa, hary-zar ederler. Olaryň (ähli) edýän endikleri şudur.

35. Hany, men olara bir sowgat iberip göreýin, ilçilerim näme (habar) bilen dolanarka?"

DÜŞÜNDIRIŞ. Bulkys dana melikedi. Ol sowgat ibermek bilen Süleýman alaýhy-s-salamyň hakyky pygambermi ýa-da ýönekeý basybalyjy patyşamy - şony barlap görýär. Melikäniň pikiri şeýledi: "Eger ol ýönekeý patyşa bolsa, sowgady derrew kabul eder, diýmek, oňa garşy hüjüm etmek hem mümkin. Eger ol Alla tagalanyň pygamberi bolsa. we bu ýurtlara gelmekden maksady mal-dünýä artdyryp, ile dürli mejbur- lyklar ýüklemek däl-de, Allanyň dinine salmak bolsa, sowgady kabul etmez, onda oňa boýun synmak lazym bolýar".

36. Bes, haçanda (Bulkysyň ilçileri onuň iberen sowgadyny alyp) Süleý-manyň (huzuryna) gelenden soň, ol aýtdy: "Siz maňa mal-dünýä bilen medet bermekçimisiňiz?! Onda (bilip goýuň), Allanyň maňa bagyş eden (pygamberligi we mülki-döwleti) Onuň size beren her hili (mal-dünýäsinden) ýagşyrakdyr. Belki, siz sowgat bilen hoşal bolarsyňyz, (ýöne meniň oňa mätäçligim ýok).

37. Sen (kowumyňa) gaýdyp baryp (diýgil ki, eger huzuryma boýun synyp gelmeseler), elbetde, biz olara şeýle goşun bilen bararys ki, olar oňa asla bäs gelip bilmezler we, elbetde, biz olary (obalaryndan) ýeňlen ýagdaýda kowup çykararys".

DÜŞÜNDIRIŞ. Bulkysyň ilçisi melikäniň öňüne sowgady bilen gaýdyp baryp, Süleýman alaýhy-s-salamyň jogaplaryny ýetirenden soň, ol,' "Onuň ýönekeý patyşa däldigini bilipdim" diýdi we Süleýman pygambere: "Men seniň kimdigiňi we uýýan diniň nähilidigini bilmek üçin öz sypaýylarym bilen huzuryňa barjakdyryn" diýen habar bilen çapar iberip, on iki müň adam bilen ýola düşdi. Haçanda olar Süleýman alaýhy-s-salamyň bolýan ýerine ýetmeklerine bir parsah — alty çakyrym töweregi galanda, ol mundan habar tapyp, özüniň hak pygamberdigini subut edýän bir gudrat

görkezmek we melike Bulkysyň pähim-parasatyny synamak maksadynda gol astyndaky halaýyga-adamlara ýüzlendi...

38. Eý, adamlar, olar meniň huzuryma boýun synyp gelmezinden öňürti, haýsy biriňiz maňa onuň (ýagny, Bulkysyň öz şäherinde galan) tagtyny getirip biler?" diýdi.

39.(Şonda) jynlardan bir gaýratlysy aýtdy: "Men ony sen ornuňdan turmankaň getirerin. Elbetde, men muňa kadyr we ynamdardyryn",

40. Kitap (Lawhul-mahfuz)dan habardar biri bolsa: "Men ony gözüň özüňe gaýdýança (ýagny, göz açyp-ýumýançaň, saňa getirerin)" diýdi. Indi haçanda (Süleýman tagtyň) öz huzurynda durandygyny görenden son, aýtdy: "Bu Perwerdigärimiň maňa şükür edýänimi ýa-da küfrany nygmat edýänimi synamak üçin beren fazly-merhemetindendir. Kim şükür kylsa, bes, elbetde, ol diňe öz (peýdasy) üçin şükür eder. Kim küfrany nygmat etse, bes, elbetde, Perwerdigärim (onuň şükür etmeginden) bihajat we fazly-kerem eýesidir".

41.(Haçanda gelýänler golaýlanda, Süleýman melikäniň pähim-parasatyny synamak üçin) aýtdy: "Onuň tagtyny tanalmaz ýaly üýtgedip goýuň ol (öz tagtyny) tanamaga ýol taparmy ýa-da tapmazmy, göreris".

42. Indi, haçanda, ol gelenden soň: "Seniň tagtyň (hem) şeýlemidi?" diýildi. Ol (haýran bolup): "(Bu) şonuň edil özi-le" diýdi. (Şonda Suleýman aýtdy: "Alham-dulillah ki) bize ondan öň ylym-magrypat berlip, musulman bolandyrys;

43. Ony bolsa, özi Allany goýup, ybadat eden närsesi (Alla iman getirip, musulman bolmakdan) saklandyr. Çünki, ol kapyr kowumdandy".

44. (Melikä): "Köşge girgin" diýildi. Indi, haçanda, ol köşgi görenden soň, ony suw (tolkunydyr) öýdüp, aýaklaryny çyzgady. (Süleýman): "Bu aýnadan gurlan uly binadyr" diýdi. (Şonda melike) aýtdy: Perwerdigärim, hakykatdan hem, men (Güne ybadat etmek bilen) janyma jebir edipdirin, (indi) Süleýman bilen bile, ähli älemler eýesi - Allaga boýun syndym".

45. Kasam ki, Biz Samud (tiresine) gardaşlary Salyhy pygamber etdik. (Ol): "Alla ybadat ediň"(diýdi). Bes, öz-özünden olar dawalaşyp, iki topar boldular.

46. (Samud tiresindäki kapyr bolan topar Salyha: "Eger çyn pygamber bolsaň, bizi gorkuzýan azabyňy getir hany" diýenlerinde), ol aýtdy: "Eý, kowumym, nämüçin siz ýagşylyk-rahmetden öňürti ýamanlyk-azaby tizleşdirýärsiňiz?! Size rehim-şepagat edilmegi üçin Alladan magrypat sorasaňyz bolmadymy?!"

47. Olar aýtdylar: "Biziň (başymyza düşen açlyk-gurakçylygy) seniň we seniň bilen bile bolan (möminleriň) şum gadamlaryndan diýip bildik" Ol aýtdy: "Siziň (başyňyza düşen) betbagtlyk Alla dergahyndandyr. Belki, siz synag edilýän kowumsyňyz".

48. Ol şäherde (özlerini) düzetmän, Ýer ýüzünde bozgakçylyk edip ýörýän dokuz sany kimse bardy.

49. Şolar Alla adyna kasam içişip, (bir-birlerine) aýtdylar:"Elbetde, (Salyhy) we onuň ili-tabynlaryny gije heläk ederis, soňra onuň waly-hamysyna (tirede oňa hemaýat edýän garyndaş-uruglaryna) Biz (ne Salyhyň, ne) onuň ili-tabynlarynyň heläketine güwä bolan däldiris. Elbetde, biz rastgöý kişilerdiris diýeris".

50. Olar (Salyh we onuň tabynlaryna garşy öz) hilelerini kyldylar. Biz hem olar bilmeýän ýagdaýda bir "hile" kyldyk.

51. Indi olaryň eden hilelериniň akybetini görüň. Biz olary we ähli kowum- laryny heläk etdik.

52. Ine, zalym bolandyklary sebäpli, olaryň öýleri guwlap galdy! Elbetde, munda bilýän kowum üçin aýat-ybrat bardyr.

53. Iman getirenlere we takwalara bolsa; najat berdik.

54. Luty (ýatlaň). Şonda ol kowumyna aýdypdy: "Siz göre-bile bozuklyk edýärmisiňiz?!.

55. Siz aýallaryňyzy goýup, azgynlyk edip, erkeklere ýanaşýarmysyňyz?! Ýok, siz jahyl kowumsyňyz!"

56.(Lut) kowumynyň jogaby bolsa, diňe: "Lutuň maşgalasyny, tarapdar-laryny obaňyzdan (kowup) çykaryň: Hakykatdan hem, olar örän "päkize" kişilerdir" diýmek boldy.

57. Soň Biz (Luta) we onuň maşgalasyna, tarapdarlaryna najat berdik. Diňe onuň aýaly (najat tapmady, çünki) Biz onuň (şol ýerde) galyp, heläk bolýanlardan bolmagyny takdyr edip - belgiläp goýduk.

58. We olaryň üstüne bir ýagyş (daş) ýagdyrdyk! Bes, (azapdan) habardar edilenleriň ýagyşy şu dereje (örän) ýaman boldy!

59.(Eý, Muhammet), aýdyň: "Allaga hamdy-sena bolsun we Onuň Özüniň (pygamber) saýlan bendelerine dogaýy-salam bolsun!" Alla ýagşymy ýa-da olar(yň-Mekge müşrikleriniň Alla) şärik edýän butlarymy?!

60.(Şol butlarmy) ýa-da asmanlary we Ýeri ýaradan hem-de siz üçin asmandan suw-ýagmyr ýagdyryp, şonuň ýardamynda gözel baglary ösdüren zatmy?! Sizde ol (baglaryň) miwe-daragtlarymy ösdürmek mümkinçiligi ýokdy. Alla bilen bile ýene bir ylah barmy?! Ýok, olar (Alla özgeleri) deň görýän kowumdyrlar!

61. Ýa-da Ýeri (ähli janly-jandar üçin) menzil edip, onuň üstünde derýalary peýda eden we onuň üçin sarsmaz daglary keşp eden hem-de iki (ýagny ajy-şor) deňiz-derýa arasynda böwet ýaradan zatmy?! Alla bilen bile ýene bir ylah barmy?! Ýok, olaryň köpüsi bilmeýärler!

62. Ýa-da muzdar-naçar adam doga-dileg eden wagtynda (dogasyny) kabul edýän we (onuň) müşgilini asan edýän zatmy?! Alla bilen bile ýene bir ylah barmy?! Kemden-kem ýatlatma-ybrat alýansyňyz!

63. Ýa-da size gury ýer we deňiz zulmatlarynda Dogry ýoly görkezýän we Öz rahmetiniň - ýagyşyň öňünden şemaly hoşhabar edip iberýän zatmy?! Alla bilen bile ýene bir ylah barmy?! Alla olaryň şek getirýäi närselerinden beýikdir!

64. Ýa-da ilki Özi ýaradyp, soňra (ahyretde) gaýtadan ýaradýan zatmy?! Kim size asmanu-zeminden rysk-ruz berer?! Alla bilen bile ýene bir ylah barmy?! (Eý, Muhammet, kapyrlara) aýdyň: "Eger dogruçyl bolsaňyz, delilleriňizi getiriň!"

65. Aýdyň: "Asmanlar we Ýerdäki (islendik) bir kimse gaýyby bilmez, meger diňe Alla biler". Olar haçan gaýtadan diriljeklerini hem duýmazlar.

66. Belki, olaryň ahyret hakyndaky pikirleri bişip ýetişendir (we şu sebäpden ahyret hakynda soraýandyrlar?!) Ýok, olar (ahyret)den şübhede-dirler! Ýok, olar ondan kördürler!

67. Kapyr bolan kimseler diýdiler: "Özümiz hem, ata-babalarymyz hem toz-topraga öwrülip giden wagtymyzda (gaýtadan dirilip, gabrymyzdan) çykarylarysmy?!

68. Hakykatdan hem, biziň özümize hem, ata-babalarymyza hem, ine, şu wada edilendir. Bu diňe ötenleriň rowaýatlarydyr".

69. Aýdyň: "Ýeri aýlanyp, jenaýatçy kimseleriň akybetleriniň nähili bolanyny görüň!"

70. (Eý, Muhammet), siz olaryň iman getirmeýänleri üçin gam çekmäň we olaryň edýän hilelerinden gysylmaň hem!

71. Olar: "Eger rastgöý bolsaňyz (hany, aýdyň) ine, şu wada (kylnan azap) haçan bolýar?" diýdiler.

72. Aýdyň: "Ähtimal, siziň howlukdyrýan (azabyňyzyň) käbirleri size ýakyn gelipdir" (diýip).

73. Elbetde, Perwerdigäriňiz adamlara fazyl-merhemet sahybydyr. Ýöne olaryň köpüsi şükür etmeýärler.

74. Elbetde, Perwerdigäriňiz olaryň kalplarynyň gizleýän zadyny hem, olaryň äşgär edýän närsesini hem biler.

75. Asman we zemindäki her bir syr açyk Kitapda (ýagny, Lawhul-Mahfuzda) aýdyňdyr.

76. Elbetde, bu Gurhan Beni Ysraýyla olaryň ikirjiňlenýän närsele-riniň köpüsini sözläp-beýan edip berer.

77. Elbetde, ol iman getirýänler üçin hidaýat we rahmetdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Beni Ysraýyl kowumy, ýagny, ýahudylaryň özara dawa edip ýörýän Isa pygamberi hakynda we başga örän köp meseleler dogrusynda Gurhany kerimde anyk jogaplar berlendir. Şu iki aýatda Gurhanyň oňa iman getirýän kişiler üçin Allanyň rahmetine hidaýat ediji goldanmadygy aýdylýar.

78. Elbetde, Perwerdigäriňiz (adamlaryň) arasynda Öz hökümi (ýagny, adalaty) bilen höküm eder. Ol ýeňiji we bilijidir.

79. Bes, siz Alla töwekgel ediň! Elbetde, siz röwşen hakykat üstündesiňiz!

80. Anyk ki, siz (öz başlan işiňizi) ölülere düşündirip bilmersiňiz we ýüz öwrüp gidip barýan kerlere hem bu hakykaty düşündirip bilmersiňiz.

81. Ýene siz körleri hem zelalatlaryndan (ýalňyş ýollaryndan çykaryp, hak ýola) hidaýat edip bilmersiňiz. Siz diňe Biziň aýatlarymyza iman getirip, musulman bolan kişilere (ony) düşündirip bilersiňiz.

82. Haçan (kapyrlaryň) üstüne söz (berlen) azap düşende (ýagny, kyýamat ýakynlaşyp gelende), Biz olar üçin ýerden bir jandar çykararys. Ol olara adamlaryň Biziň aýatlarymyza ynanmaýandyklary hakda sözlär.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hadysy-şeripde aýdylşyna görä, ahyrzaman bolanda, ýer astyndan asla görülmedik bir jandar çykyp, Alla tagalanyň aýatlaryna iman getirmeýän kimseleri näletlär we şu hadysadan soň, kyýamatyň kaýym boljagy anyk bolýar.

83. Biziň her bir milletden bir topary - Biziň aýatlarymyza ýalan diýýän kimseleri toplap, olary hatara duruzýan Güni(mizi ýatlaň).

84. Indi, haçan olar (hasap-kitap edilýän jaýa) gelenden soň, (Alla) aýtdy: "Siz anyk bilmän, Biziň aýatlarymyza ýalan diýdiňiz?! Bolmasa, (pany dünýäde) näme etdiňiz?!"

85. Zalym-kapyr bolanlary sebäpli, olaryň üstüne söz - azap düşdi. Bes, olar (bir söz hem) sözläp bilmezler.

86. Biziň olaryň dynç almaklary üçin gijäni peýda edenimizi we gündizi ýagty edip goýanymyzy görmedilermi?! Elbetde, munda iman getirýän kowum üçin aýat-ybrat bardyr.

87. Sur çalnyp, Allanyň Öz islän (ynsanlaryndan) başga asmanlardaky we Ýerdäki (ähli) kimseleriň gorka düşýän we hemmäniň Onuň huzuryna boýun egip gelýän Gününi (ýatlaň)!

88. Siz daglary görüp, doňup dur diýip oýlarsyňyz. Ýok, olar hem edil bulutlar ýaly ýörerler. (Bu) ähli närsäni pugta eden - Allanyn hünäridir. Elbetde, Ol siziň edýän (hemme) işiňizden habardardyr.

89. Kim ýagşylyk-sogap bilen gelse, bes, onuň üçin şol (sogabyndan) hem ýagşyrak sylag bolar. We olar şol Günüň elhençliginden amandyrlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat Ýeriň dynman öz okunyň daşyndi aýlaiyp duruşyna Alla tagala tarapyndan hasyl edilen delildir.

90. Kim ýamanlyk bilen gelse, bes, ýüzügara ýagdaýynda dowzaha taşla-nylar (we olara aýdylar): "Size diňe edip geçen amallaryňyzyň jezasy berler".

91-92. (Eý, Muhammet, olara aýdyň): "Men diňe, ine, şu şäheriň (Mekgäniň) Perwerdigärine ybadat etmäge buýrulandyryn. Ol (bu şäheri) gadagan edendir. (Ýagny, bu şäherde gan dökmegi, bir kişä zulum etmegi, aw awlamagy we hatda ot ýygmagy hem haram edendir). Ähli närse Onuňkydyr. Men musulman bolmaga we Gurhany tilewat etmäge buýrulan-dyryn" (diýip). Bes, kim Hak ýola ýörse, diňe öz (peýdasy) üçin ýörer, kim ýoldan azsa, onda aýdyň ki: "Men diňe ýoldan azan kimselere Allanyň azabyny duýdurýandyryn".

93. Aýdyň: "Hamdy-sena (öwgi-alkyş) Alla üçindir. Basym Ol size Öz aýat-mugjyzalaryny görkezer. Bes, siz ol (gudratlary) derrew (boýun) alarsyňyz (ýöne ol Günde tiz boýun alanyňyz size peýda bermez)". (Eý, Muhammet), Perwerdigäriňiz siziň edýän amallaryňyzdan gapyl däldir.

28. KYSSA SÜRESI

Segsen sekiz aýatdan ybarat bu süre Mekge sürelerindendir. Ol öz many-mazmuny, ähtibary bilen "Şahyrlar" hem "Garynjalar" sürelériniň dowamy ýalydyr.

Bu sürede ynsanlaryň görelde almaklary üçin iki zalym kimsäniň eden etmişleri we tapan akybet-bagtsyzlyklary hakynda hekaýat edilýär. Olaryň biri golundaky hökümli soltanat sebäpli, özüni bilmän, hatda öz-özüni huda diýip atlandyrmaga baryp ýeten Firawun bolsa, ikinjisi tapan mal-döwletine mes bolup, dini-diýanatyny unudan Karundyr.

Bu sürede Alla tagalanyň söýgüli pygamberlerinden Musa alaýhy-s-salamyň dogluşyndan başlap, nähili pygamber bolandygy we gören, başdan geçiren göreldeli wakalary doly we anyk beýan edilendigi sebäpli, süre Kasas - Kyssa" diýlip atlandyrylýar.

Süre iki dünýä bagt-sagadaty bolan iman ygtykada ýol görkezmek bilen jemlenýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ta. Sin. Mim.

2. Şu (aýatlar) açyk-röwşen Kitap aýatlarydyr.

3.*(Eý, Muhammet) iman getirýän kowumyň (okap ybrat almagy) üçin size Musa we Firawun habaryny hak-rast tilewat edip (sözläp) berýäris.*

4. Hakykatdan hem, Firawun (Müsür) ýurdunda garşylyga duşup, onuň ilatyny bölek-bölek etdi (toparlara böldi). Olaryň bir topary olary (Beni Ysraýyl kowumyny) horlap, ogullaryny öldürip, aýallaryny diri galdyrýardy. Elbetde, ol bozgak kimselerden boldy.

5. Biz bolsa, ol ýerde horlanan kişilere merhemet etmegi, olary (Firawun mülküniň) eýeleri etmegi isleýäris.

6. Ýene olary (mülk eýelerini) şol ýerde berkarar edip, Firawuna we (onuň weziri) Hamana hem-de ikisiniň leşgerlerine (Beni Ysraýyl) tarapyndan özlerini gorkuzyjy bolan närsäni (ýagny, , mülki-döwletleriniň ellerinden gidip, bütün hökmi-soltanatyň Beni Ysraýyl kowumynyň eline geçişini) görkezmegi isleýäris.

7. Biz Musanyň enesine (Musany dogrup, Firawun adamlarynyň gelip, çagany öldürmeginden gorkup duran wagtynda) wahyý inderdik ki: "Ony emdirewer. Bes, haçan (Firawunyň adamlary ogul dogranyňy bilip, Ony öldürip gitmeklerinden) gorksaň, ony derýa taşla we gorkmagyn hem, gaýgyrmagyn hem. Elbetde, Biz ony saňa (ýene diri halynda) gaýtarjakdyrys .

8. Bes, Ony (Musany) Firawunyň maşgalasy (ol ösüp-ulalandan soň) özlerine duşman bolmagy we gam-teşwiş getirmegi üçin tutup aldylar. Elbetde, Firawun, Haman we olaryň leşgerleri hata etdiler.

9. Firawunyň aýaly (oňa): "(Bu çaga) meniň üçin hem, seniň üçin hem göz guwanjydyr. Ony öldürmäň. Belki, onuň bize nepi deger ýa-da ony ogullyk alsak" diýdi. Olar (öz betbagtlyklarynyň şu çaganyň elindedigini) duýman (ony ogullyk aldylar).

10. Musa (derýada akyp gidenden soň), enesiniň kalby boşap galdy. Eger Biz ("Musany özüňe gaýtarjakdyrys" diýen wadamyza) iman getirmegi üçin onuň, göwnüni hatyrjem etmedik bolsak, elbetde, ol (Musanyň öz ogludygyny) aýan ederdi.

11. We (ene Musanyň) uýasyna: "Onuň (yzyna) düşgün" diýdi. Bes, ol (Firawunyň maşgalasyna) duýdurman (Musany) uzakdan synlap durdy.

12. Biz owal (Musa ähli) emdirýän aýallary haram etdik (ol hiç kimi emmedi). Şonda (onuň uýasy gelip); "Men size oňa kepil bolup (emdirjek) we oňa terbiýe berjek bir maşgalany görkezeýinmi?" diýdi.

13. Şeýdip, Biz (enäniň) gözüniň guwanmagy we gam çekmezligi üçin hem-de (ol) Allanyň wadasynyň hakdygyny bilmegi üçin ony (Musany) enesine gaýtardyk. Ýöne köp (adamlar Allanyň wadasynyň hakdygyny) bilmeýärler.

14. Haçanda ol kämillige ýetip (akyl käsesi) dolandan soň, Biz oňa hikmet we bilim bagyş etdik. Biz gözel amal edýänleri, ine, şeýle sylaglaýarys.

15.*(Günleriň birinde Musa) şähere onuň ilaty gaflatda bolan (peýşin) wagtynda girdi we ol ýerde iki adamyň uruşýandygyny gördi. (Olaryň) biri öz toparyndan (ýagny, Beni Ysraýyl kowumyndan) we biri (onuň) duşmanyndan (ýagny, kibtilerdendi). Bes, (Musanyň) toparyndan bolan adam ondan duşman tarapyndan bolan kimsäge garşy ýardam sorady, Şonda Musa bir ýumruk urup, (tötänden) ony öldürdi. (Soň eden işine; puşman edip) aýtdy: "Bu şeýtanyň işidir. Elbetde, ol ýol urdurýan açyk duşmandyr.*

16.*(Soň Alladan dileg edip) aýtdy: "Perwerdigärim, hakykatdan hem, men öz janyma jebir etdim. Indi Özüň meni magrypat etgin (günämi geçirgil)". Bes, (Alla) ony magrypat etdi. Elbetde, Onuň Özi günä geçiji, mähribandyr.*

17. Ol (ýene) aýtdy: "Perwerdigärim Seniň maňa ynamyň haky-hormatyna, indi hergiz jenaýatçy kimselere ýardam ediji bolmaz men".

18. Bes, ol ertesi daňdan şäherde gorka düşüp, (bir ýaman hala) göz tutan ýagdaýda (howatyrlanyp) barýardy, birden düýn agşamda ýardam soran (Beni Ysraýyl kowumyndan bolan) kimsäniň ýene (bir

kibtiý bilen) uruşýandygyny we ýene kömege çagyrýandygyny (gördi). Musa oňa aýtdy: "Hakykatdan hem, sen gümrah (azaşan) ekeniň!".

19. Indi ol (Musa) özlerine duşman bolan kimsäni (ýagny, kibtini) tutmakçy bolanda (Beni Ysraýyldan bolan adam Musa özüni urjak bolýandyr öýdüp): "Eý, Musa, gije bir jany öldürişiň ýaly (bu gün) meni hem öldür- mekçimisiň?! Sen diňe Ýer ýüzünde jebri-zulum ediji bolmakçysyň! Sen islah edýänlerden bolmagy islemeýäňmi?" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat edşlerine görä, Musa alaýhy-s-salam ara düşüp, kibtiý bilen ysraýyllyny aýrylyşdyrandan soň, bir gün öň öldirilen tiredeşiniň katyly gandarynyň Musadygyndan habar tapan bu kibtiý baryp, Firawuna we onuň adamlaryna bu hakda habar berýär. Şonda Firawun Musa alaýhy-s-salamy öldürmäge emr edip, ony tapyp getirmek üçin öz adamlaryny iberýär. Ýöne kibtiler arasyndan bir dyýanatly kişi gelip, bu hakda Musa habar berýär.

20. Şäheriň aňry tarapyndan bir adam howlukmaç gelip: "Eý, Musa, (Firawun) adamlary seni öldürmäge dil birikdirdiler. Bes, sen (bu şäherden) çykyp gitgin. Elbetde, men saňa mähriban maslahatçydyryn" diýdi.

21. Bes, ol gorka düşüp, (yzyndan gelmeklerinden howatyrlanyp) gözüni (töwerege) aýlap, ol ýerden (şäherden) çykyp: "Perwerdigärim, bu zalym kowumdan Özüň maňa najat bergin" diýdi.

22. We haçanda Madýan (şäherine) tarap ugrandan soň: "Belki, Perwer- digärim meni dogry ýola düşürgeý" diýdi.

23. Haçanda Madýanyň suwuna-guýysyna ýetip gelenden soň, ol ýerde birgiden adamlaryň (mallaryny) suwa ýakýandygyny gördi we olardan daşrakda iki aýalyň (öz goýunlaryny suwa ýakman)

duranlaryny görüp: "Size näme boldy (ýagny, nämüçin goýunlaryňyzy suwa ýakman dursuňyz)?! diýdi. Olar: "Biz tä çopanlar (mallaryny) gaýtarýança, suwa baryp bilmeýäris. Atamyz bolsa garry adam (ýagny, goýunlarymyzy suwa ýakmaga gelip bilmez)" diýdiler.

24. Şonda (Musa) olaryň (goýunlaryny) suwa ýakyp berdi. Soňra bir gyradaky agajyň saýasyna baryp: "Perwerdigärim, Özüň maňa näme ýagşylyk etseň, şoňa mätäçdirin" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Aýdyşlaryça, hezreti Musa alaýhy-s-salam Firawun kowumyndan ýalňyz, biçäre, aç we gorkuly halda gaçyp çykanda aýtdy kim:

"Perwerdigär, ýalňyz men, hassa men, biçäre men. Şonda oňa jogap geldi "Eý, Musa, Men dek dosty bolmadyk adam ýalňyzdyr, Men dek tebibi bolmadyk adam hassadyr, Meniň bilen gatnaşygy üzen adam biçäredir?1 Hakykatdan hem, Alla tagalanyň Öz dostlaryny ýalňyz goýmaýandygy hakynda aşakdaky aýatlarda hekaýat edilýär. Musa alaýhy-s-slamyň goýunlaryny suwa ýakyp beren iki gyzy-Şuaýb pygamberiň gyzlarydy Garrap, muňalyp galan Şuaýb alaýhy-s-salam olaryň öňki günlerdäki irräk gaýdyp gelenlerine haýran galyp, onuň sebäbini sorasa, olar nätanyş ýigidiň goýunlaryny suwa ýakyp berendigini aýdýarlar. Şonda pygamber gyzlarynyň birini Musany çagyryp gelmek üçin iberýär.

25. Bes, olaryň biri haýa bilen ýöräp gelip: "Atam seni bize (goýunlary- myzy suwa ýakyp bereniň) hakyny bermek üçin çagyrýar" diýdi. Bes, haçanda (Musa Şuaýbyň huzuryna) gelip, oňa öz kyssasyny aýdyp berenden soň, ol: "Gorkmagyl, sen ol zalym kowumdan najat tapdyň diýdi.

26.(Gyzlaryň) biri: "Eý, ata, ony (işe) algyn. Elbetde, seniň aljak (bu kişiň) iň ýagşy, güýçli, ynamdar kişidir" diýdi.

27.(Şuaýb) aýtdy: "(Eý, Musa, eger razy bolsaň), maňa sekiz ýyl işläp berseň, öwezine, ine, şu iki gyzymyň birini nikalap bereýin. Indi eger on ýylyň hakyny alsaň (ýagny, on ýyl hyzmat etseň), seniň tarapyňdan (bize merhemet bolar). Men seni horlamak islemeýärin. Enşallah, sen meniň salyh kişidigimi görersiň".

28.(Musa) aýtdy: "Ine, şu seniň bilen meniň aramdaky (geleşikdir). Iki mütdetden haýsy birini eda etsem, bes (ygtyýar özümde) maňa horluk edilmez. Alla aýdýan sözümize güwädir".

29. Indi haçanda Musa (geleşmek) mütdetini bitirip, ähli maşgalasy bilen (Müsüre tarap) ýola düşenden soň, Tur (dagy) tarapdan bir ody gördi. Ol ähli maşgalasyna: "Siz garaşyp duruň. Men bir ot gördum. Belki, size bir habar ýa-da ýylynmak üçin ol otdan bir köz alyp gelerin diýdi.

30. Indi haçanda onuň (oduň) ýanyna ýetip gelenden soň, ol mübärek ýerdäki düzlügiň sag tarapyndaky daragtdan oňa owaz geldi: "Eý, Musa. elbetde, Men barça älemleriň Perwerdigäri Alla Men.

31."Hasaňy (ýere) taşlagyl!" Bes, haçanda (Musa) onuň (hasanyň) ýylan dek towlanýandygyny görenden soň, yzyna garaman gaçdy. "Eý, Musa, gorkmagyl! Elbetde, sen, howp-hatardan amanda bolgaý sen.

32. Eliňi goltugyňa salgyl, bir dert-belasyz çuw-ak bolup çykar we ganatyňy (eliňi) gorkman öz gapdalyňa gys (ol ýene öz halatyna gaýdar) Bes, şu ikisi Perwerdigäriň tarapyndan Firawun we onuň adamlaryna hüjjetdir. Hakykatdan hem, olar pasyk kowum boldular".

33.(Musa) aýtdy: "Perwerdigärim, men olardan bir jany öldürdim, Indi olaryň meni öldürmeginden gorkýaryn.

34. Agam Harunyň maňa görä dili çeperdir. Ony hem meniň bilen bile meniň (pygamberdigimi) tassyklaýjy edip ýanyma goşgun. Çünki, olaryň (kowumymyň meni ýalançy hasap etmeklerinden gorkýaryn").

35.*(Alla) aýtdy: "Biz seni agaň bilen kuwwatlandyrarys we ikiňizs soltanat (ýeňiş, patyşalyk) bagyş ederis. Bes, olar size (zyýan) edip bilmezler. Biziň aýat-mugjyzamyz bilen siz hem, size eýerenler hem üstün bolarlar".*

36. Indi haçanda Musa olara Biziň anyk-röwşen aýat-mugjyzalarymyzy getirenden soň, olar: "Bu hiç närse däl, meger (ýöne bir) ýalan jadydyr. Biz bu närsäniň öten ata-babalarymyzyň zamanynda hem bolanyny eşiden däldiris" diýdiler.

37. Musa aýtdy: "Perwerdigärim kimiň Öz huzuryndan hidaýat getirenini hem, ahyret diýaryndaky akybetiň hem kimiň peýdasyna boljagyny örän oňat bilýändir. Elbetde, zalym kimseler najat tapmaz".

38. Firawun: "Eý, adamlar, men siz üçin özümden başga bir ylah hem bardygyny bilýän däldirin. Bes, sen, eý, Haman, palçygy bişirip (kerpiç guýup) meniň üçin belent bir minara galdyr, men (onuň üstüne çykyp) Musanyň hudaýyny göreýin. Ýöne men muny ýalançy hasap edýärin" diýdi.

39. Ol (Firawun) hem, onuň leşgerleri hem (iman getirmezlikleri bilen) Ýer ýüzünde nähak kibri-howa (men-menlik) etdiler we özlerini Bize gaýtarylmaz diýip güman etdiler.

40. Bes, Biz ony we leşgerlerini tutduk-da, deňze taşladyk. Indi siz ol zalym kimseleriň akybetiniň nähili bolandygyny görüň.

41. We olary (dinsiz kimseleri) dowzaha çagyryp duran garşylaýjylar edip goýduk. Kyýamat gününde hem olara ýardam berilmez.

42. Biz bu dünýäde hem olara lagnaty tirkeşdirdik. Kyýamat gününde hem olar (Biziň rahmetimizden) yrak boljak kimselerdir.

43. Anyk ki, Biz owalky asyr-nesillerini (dinsizlikleri sebäpli) heläk edenimizden soň, Musaga adamlar üçin nur, hidaýat we rahmet bolan Kitap eda etdik. Eger olar aňlatma-ybrat alsalar.

44. (Eý, Muhammet), Biz Musaga işi (ýagny, pygamberligi) höküm eden waggymyzda, (Tur dagynyň) günbatar tarapynda (Biziň Musa bilen wadalaşan ýerimizde duran) däldiňiz we güwä hem däldiňiz.

45. Emma Biz (Musa zamanyndan soň, köp) nesilleri dünýä getirdik, bes, olaryň ömri-ýaşaýyşy dowam etdi (we olar - adamlar Musa iberilen hökümleri unutdylar. Şonda Biz hökmi-permanlarymyzy olara dogry etirmegiňiz üçin sizi pygamber edip iberdik). Siz Madýan iliniň arasynda hem bolmadyňyz, olara Biziň aýatlarymyzy hem tilewat kylmadyňyz. Emma Biz (sizi) pygamber edip iberdik (bes, siz Biziň wahyýlarymyz hakynda, Musa dogrusynda hem, Madýan şäheriniň ähli ilaty hakynda hem habardar boluň).

46. Biz (Musa) owaz beren wagtymyzda, Siz Tur (dagynyň) ýanynda däldiňiz. Emma (siz) Perwerdigäriňiz tarapyndan rahmet bolup, sizdei ozal birem habardar ediji gelmedik bir kowumy habardar etmek üçin (pygamber saýlandyňyz). Eger olar aňlatma-ybrat alsalar.

47. Eger olara öz etmişleri sebäpli bir bela-musybat ýetse, (olar) "Perwerdigärä, bize pygamber iberen bolsadyň, Seniň aýatlaryňa eýererdik we iman getirerdik" diýmeselerdi, (Biz seni olara pygamber edip ibermezdik).

48. Indi haçanda olara Biziň huzurymyzdan Hak (pygamber) gelenden soň bolsa, olar: "Oňa (ýagny, Muhammede) hem Musaga berlen mugjyzalar berlen bolsady, (biz oňa eýererdik)" diýdiler. Ýeri, olar ozal Musa berlen mugjyzalara-da kapyr bolmanmydylar?! Olar: "(Töwrat we Gurhan) bir-birini goldap, kuwwatlanýan iki jadydyr" diýdiler we: "Biz (bu iki Kitabyň) her birine kapyrdyrys" diýdiler.

49.(Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Onda eger rastgöý bolsaňyz, siz Alla huzuryndan bu iki (Kitaba) görä dogrurak bolan (başga) bir Kitap getiriň, men oňa eýereýin" (diýip).

50. Indi eger olar size jogap berip bilmeseler, bes, bilip goýuň, olar diňe howaýy nebislerine eýererler. Alla tarapyn dogry ýola düşürilmän, öz howaýy nebisine eýeren kimseden beter ýoldan azan kim bar?! Elbetde, Alla beýle zalym kowumy dogry ýola salmaz.

51. Anyk ki, Biz aňlatma-ybrat almaklary üçin olara Sözi – Gurhany düzüp (ýagny, aýatlary bölek-bölek edip inderdik).

52. Biziň (Gurhandan) öň Kitap (Töwrat, Injil) bagyş edilenlerimiz (ýagny, ýahudy we nasranylaryň arasyndaky möminler) oňa (ýagny, Gurhana! iman getirerler.

53. Haçanda olara (Gurhan) beýan edilse, olar: "Bize oňa iman getirdik Elbetde, ol Perwerdigärimiz tarapyndan bolan Hakykatdyr. Şek-şübhesiz, biz (Gurhan hasyl bolmazyndan) öň hem musulmandyk" diýerler.

54. Ana, şolara (din-iman ýolunda) sabyr-takat edenleri üçin sylag-hormat gaýta-gaýta bagyş ediler. Olar ýagşylyk (sabyr-takat) bilen ýamanlygy (kapyrlaryň azarlaryny) dep ederler we Biziň olara rysk edip beren zatlarymyzdan peýdalanyp, yhsan ederler.

55. Haçanda bihuda (sözi ýa işi) eşitseler (görseler) ondan ýuz döndererler we: "Biziň amallarymyz özümiz üçin, siziň amallaryňyz

özüňiz üçindir. Aman boluň, biz nadan kimseler bilen (söhbetdeş) bolmagy islemeýäris" diýerler.

56.*(Eý, Muhammet), anyk ki, siz öz söýen kişileriňizi hidaýat edip bilmersiňiz, ýöne Alla Öz islän bendelerini hidaýat eder. Ol hidaýat tapýanlary ýagşy bilýändir.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat pygamber alaýhy-s-salamyň garyndaşy Abu Talyp hakynda hasyl bolan- dyr. Mälim ki, Abu Talyp Muhammet aleýhy-s-salama onuň çagaly- gyndan başlap hossarlyk eden bolsa-da, özi Yslma girmändi. Abu Talyp pygambermizi öz ogly dek ýagşy görerdi we muňkürleriň howpundan hemaýat kylardy. Şonuň üçin hem oňa ölüm sagady ýakynlaşanda, pygamber alaýhy-s-salam onuň kapyr ýagdaýda ölüp gitmegini islemän: "Eý, Abu Talyp, "La ilaha illallah" diý, men kyýamat güni saňa mömin-musulman bolup öldi" diýip güwälik bereýin" diýende, ol: "Men seniň ýolyň haklygyny bilýärin, emma adamlaryň "Abu Talyp ölümden gorkup iman getirdi" diýmeklerini islemeýärin" diýip jogap beripdir. Şonda özüniň eziz garyndaşynyň dünýäden imansyz gidýändigine uçursyz hapa bolan, gam-gussa gark bolan pygamberine Hak tagala ýokardaky aýaty hasyl edipdir.

57. Olar (ýagny, Kureýş kapyrlary): "Eý, Muhammet, eger biz seniň bilen bile dogry ýola düşsek, öz ýerimizden aýrylmarysmy (kowulmarysmy)?!" diýdiler. Eýsem, Biz olara dynç-asuda Hyramy (Käbäni) mekan edip bermedikmi?! Ähli närsäniň miwe-hasyllary Biziň dergahymyzdan rysky-ruz bolan ýagdaýda şol ýere düşürilýär-ä! Ýöne olaryň köpüsi (muny) bilmeýärler.

58. Biz näçe (bolçulyga ýeten), keýpi-sapasy hetden aşan oba-şäheri heläk etdik. Bes, şolaryň mesgenleri olardan soň kem-kemden mesgen edildi. (Olaryň hemmesi heläk boldular) we (olaryň mülki-diýarlaryna) Biziň Özümiz warys (eýe) bolup galdyk.

59. Perwerdigäriňiz tä barça oba-şäherleriň merkezlerine (iline) Biziň aýatlarymyzy olara tilewat edýän bir pygamberi iberýänçä, ol (oba-şäherleri) heläk etmedi. Biz oba-şäherleri diňe olaryň ili zalym

bolanda, heläk etdik.

60. Size berlen närseler diňe pany dünýäniň mata we zynatlarydyr. Alla huzuryndaky (sylag) bolsa, ýagşydyr we bakydyr. Ýeri, akyl ýöretme- ýärsiňizmi?!

61. Eýsem, Biziň gözel wada (jenneti) berenimiz, bes, oňa eýeren kişi, Biziň pany dünýä matasyndan azajyk peýdalandyryp, soňra kyýamat gününde (baky azaba) duçar edenimize meňzedimi?!

62-63. (Ýatlaň, Alla kyýamat gününde) olara (müşriklere) nyda kylyp: Siziň (bar diýip) güman eden "şärik"lerim nirede galdy" diýende, üstlerine Söz - azap düşýäni hak bolan kimseler (ýagny, adamlary Hak ýolundan azdyran kimseler): "Perwerdigär-ä, ol kimseleri hem biz, edil özümiziň ýoldan azyşymyz ýaly, ýoldan azdyrandyrys (ýagny, biziň hemmämiz öz yggyýarymyz bilen azaşandyrys). Biz Saňa (Seniň alnyňda) akdyrys (ýagny, olaryň ýoldan azmagyna sebäpkär däldiris). Olar bize ybadat eden däldirler (belki, öz howaýy nebislerine ybadat edendirler)" diýerler.

64. Olara: "Butlaryňyza dileg ediň (ýene size ýardam bersinler)" diýlip, (öz butlaryna) dileg-doga edenlerinde, (butlar) olara jogap bermez we olar azaby görerler. Eger olar hidaýat tapsalardy, (beýle azaby görmezdiler).

65.*(Alla) olara nyda edip: "Pygamberime näme diýip jogap beripdiňiz?" diýýän Günde;*

66. Şol Günde olara habarlar (ýagny, özlerini aklaýan bahanalar hem sebäpler) görünmez, bes, (elhenç gorka düşüp) biri-birlerinden hem soraşyp bilmezler.

67. Indi kim toba edip, iman getirip, ýagşy amal edip geçen bolsa. şaýat ki, ana şol (kişi) najat tapar.

68. Perwerdigäriňiz Özi islän närsäni ýaradar we Özi islän (işe) ygtyýar eder. Olar üçin ygtyýar ýokdur. Alla olaryň şeklerinden päk we beýikdir.

69. Perwerdigäriňiz olaryň kalplarynda gizlän närselerini - syrlaryny hem, äşgär eden närselerini - sözlerini hem biler.

70. Ol (ýalňyz) Alladyr. Hiç hili ylah ýok, meger diňe Onuň Özi bardyr. Owalu-ahyrda (şu dünýäde hem ahyretde) hamdy-sena Onuň üçindir. Höküm Onuň (hökümidir). We (barçaňyz) ýalňyz Oňa gaýtarylarsyňyz.

71.(Eý, Muhammet), aýdyň: "Hany, habar beriň, eger Alla gijäni Kyýamat gününe çenli üstüňize baky edip goýsa, Alladan özge haýsy bir ylah size bir ýagtylyk getirip biler?! Aňlamaýarsyňyzmy?!

72. Aýdyň: "Hany habar beriň, eger Alla gündizi Kyýamat gününe çenli! üstüňize baky edip goýsa, Alladan özge haýsy bir ylah size dynç berýän gijäni getirip biler?! Ýa-da görmeýärsiňizmi?!"

73. Siziň üçin gije we gündizi onda (ýagny, gijede) dynç almagyňyz, (gündizde bolsa), Onuň fazly-ruhuny islemegiňiz we şükür etmegiňiz üçin (Allanyň) peýda edendigi Onuň rahmet-merhemetidir.

74.(Ýatlaň, Alla kyýamat güni) olara (müşriklere) nyda edip: "Siziň (bar diýip) güman eden "şärik"lerim nirede galdy?" diýer.

75. Biz (ol Günde) her bir ymmatdan bir güwäni (pygamberi) çykaryp, (olara: "Alla ýalňyz däl" diýip getiren şekiňiz çyn bolsa, hany) hüjjet-delilleriňizi getiriň" diýdik. Şonda olar (hudalyk) haku-hukugynyň (diňe) Allanyňkydygyny bildiler we özleriniň ýasan "hudaý"lary bolsa olardan gaýyp boldy.

76-77. Elbetde, Karun Musa kowumyndaidy. Bes, ol (kowumdaşlaryna) kibri-howa (men-menlik) etdi. Biz oňa

hazyna-baýlyklaryndan (diňe olaryň) açarlary(ny göterip ýörmegiň özi) güýç-kuwwatly jemagata hem agyr bolýan närseleri bagyş etdik. Şonda kowumdaşlary oňa: "Howlukma,! çünki, Alla howlukmaç kimseleri söýmez. We Allanyň saňa beren mal-döwleti bilen (owaly) ahyretiň (abatlygyny) islegin we (şu) dünýäden bolan nesibäňi hem unutmagyn. Allanyň saňa yhsan edişi ýaly, sen hem (Allanyň bendelerine) haýyr-yhsan et. Ýerde (zulum, zorluk bilen) bozgaklyk etmäge çalyşma. Çünki, Alla bozgak kimseleri söýmez" diýenlerinde;

78. Ol: "Maňa (bar mal-döwletim) diňe özümdäki bilim sebäpli bagyş edilendir, (bes, hiç kim ony menden dartyp alyp bilmez)" diýdi. Eýsem, ol özünden owalky asyrlaryň-nesilleriniň oňa görä kuwwatlyrak we jemlän zady hem köpräk bolan (ençeme) kimseleri Allanyň heläk edendigini bilmeýärmi?! Ol (beýle) jenaýatçy kimselerden günäleri hakynda soralmaz hem, (belki, olar hiç hili sorag-sowalsyz dowzaha taşlanar)!

79. Soň (Karun) kowumynyň öňüne bezenip-beslenip çykypdy, pany dünýäni isleýän kimseler:"Wah, biziň üçin hem Karuna bagyş edilen malu-döwlet bolsady. Hakykatdan hem, ol uly nesibe eýesidir" diýdiler.

80. Ylym magrypat bagyş edilen kimseler bolsa: "Size ölüm bolsun! Iman getiren we ýagşy amallar eden adam üçin Allanyň berýän sylag-sogaby ýagşyrakdyr! Ol (sogaby diňe sabyr-kanagatly adamlar gazanar") diýdiler.

81. Bes, Biz (Karuny) hem, onuň kaşaň jaýyny hem (ýere) ýuwutdyrdyk. Soň oňa ýardam berýän Alladan özge birem jemagat bolmady. We onuň özi hem ýeňiji bolmady.

82. We gije-gündiz onuň mertebesini arzuw edenler: "Wahasrata! Alla bendelerinden Özi islän kişileriniň ryskyny giň edip, (Özi islän bende- leriniň ryskyny) kemter edip berýän ekeni. Eger Alla bize merhemet etmedik bolsa, bizi hem ýer ýuwtdurardy. Wahasrata, kapyr bolan kimseler najat tapmaýan ekeni" diýişip galdylar.

83. Biz şol ahyret diýaryny Ýer ýüzünde zulum-zorluk we bozgaklyk etmeýän kimseler üçin edýäris. Akybet takwa kişileriňkidir.

84. Kim sogap bilen (Biziň huzurymyza) gelse, bes, onuň üçin (eden sogabyndan) ýagşyrak (sylag bolar). Kim ýamanlyk bilen gelse, bes, ýamanlyk eden kimseler diňe öz eden ýaman- lyklary bilen jezalandyrylar.

85.*(Eý, Muhammet), elbetde, size (işbu) Gurhany (ýagny, ony tilewat etmegi, oňa amal etmegi we ony ymmatlaryňyza ýetirmegi) parz eden (Alla tagala) şek-şübhesiz, sizi bir gaýdylýan jaýa (Mekgä) gaýtaryjydyr. (müşriklere) aýdyň: "Perwerdigärim hidaýat getiren (ýola düşürijisi bilen gslen) kişileri hem, açyk-röwşen zelalatdaky kimseleri hem öräп oňat bilýändir" (diýip).*

DÜŞÜNDIRIŞ. Ulamalaryň aýtmagyna görä, işbu aýat pygamber aleýhy-s-salam Mekgeden Medinä hijret edýärkä, ýolda, Juhra diýen ýerde düşläp, özleriniň taşlap, çykyp gidip barýan watanlaryny - Mekgäni küýsän wagtlarynda hasyl bolupdyr.

86. Siz özüňize Kitap - Gurhan inderilmegine umydygär hem 6olmandyňyz. Diňe Perwerdigäriňiz tarapyndan rahmet-merhemet bolup (size Gurhan inderildi). Bes, siz hergiz kapyr kimselere kömekçi bolmaň!

87. We size Allanyň aýatlary inderilenden soň, hergiz olar sizi (6u aýatlara amal etmekden) saklamasynlar. Perwerdigäriňize (ybadat etmäge) çagyryň we hergiz müşrik kimselerden bolmaň!

88. Alladan gaýry bir "ylaha" dileg etmäň! Hiç hili ylah ýok, meger diňe Onuň Özi bardyr. Barça zatlar gurban bolar, meger, diňe Onuň Özi (bakydyr). Höküm Onuň (hökümidir) we (barçaňyz) ýalňyz Oňa! gaýtarylarsyňyz.

29. MÖÝ SÜRESI

Altmyş dokuz aýatdan ybarat bolan 6u süre hem Mekgede hasyl edilendir. Süre iman eýelerini - sydky-dilden - çyn ýürekden mömin bolanlary ýa-da kiçi dilden bärde iman getirenleri synamak üçin dürli imtihan-synaglara ýüzbe-ýüz edilýändikleriniň anyklygy hakynda habar bermek bilen başlanyp, pitne-ýalanlara aldanyp, iman-ygtykadyndan geçen kimseleriň Ýaradanyň azabyna giriftar bolýandygy düşündirilýär. Şeýle hem, bu sürede din-imana ýol başlaýan kişileriň borjunda örän alkyşly we şonuň bilen bir wagtda öte müşgil wezipeleriň, bardygy aýdylyp, birnäçe pygamberleriň işleriniň, gaýduw- syzlyklarynyň mysalynda Hak ýolundaky göreşiň kynçylyklary suratlandyrylýar. Ýene bu sürede Alla tagala Özüniň gudrat-mugjyzasy bolan Gurhany kerimi bendelerine ýetirmek üçin okamagy hem, ýazmagy hem bilmeýän Muhammet alaýhy-s-salamy pygamberlige saýlany dogrusynda habar berip, bolmasa, bozgak kimseleriň: "Gurhany Muhammediň özi ýazypdyr" diýip, adamlary şübhä salýandyklarynyň anykdygyny aýdýar. Süre sabyr-takat bilen Hak ýolunda gereşenlere Allanyň ýar bolýandygy hakyndaky aýat bilen soňlanýar.

Bu sürede öz elleri bilen ýasan butlaryna sygynyp, olardan kömege garaşýan müşrikleriň edil öz dokan kerebinden pena gözleýän möýe meňzeşligi dogrusyndaky aýat hem orun alany üçin ol "Ankabut"-"Möý" süresi diýlip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip. Lam. Mim.

2. Adamlar (diňe) iman getirdik diýenleri bilen synag edilmese, bolmaýandygyny oýlamadylarmy?!

3. Çünki, Biz olardan owalky (iman getiren barça) adamlary synag edipdik! Bes, (şu imtyhan-synag hakynda) elbetde, Alla rast sözlän

kişileri hem, ýalançy kimseleri hem anyk biler.

4. Ýa-da ýaman amallar edýän kimseler Bizden (jezamyzdan) gaçyp gutulmagy oýladylarmy?! Olar nädogry höküm çykarýarlar.

5. Kim Alla ýüzbe-ýüz boljagyna umydygär bolsa, bes, (ägä bolsunki), elbetde, (bellenen sylag we jeza) pursaty, şek-şübhesiz gelýändir. Ol eşidýändirem, bilýändirem.

6. Kim jihad etse, diňe öz (peýdasy) üçin jihad eder (ýagny, kim Alla ýolunda hereket etse, ol Alla üçin däl-de, şol adamyň özi üçii gowudyr). Elbetde, Alla ähli älemlerden bihajatdyr.

7. Iman getiren we ýagşy amallar edenleriň ýamanlyklaryny (ýagny, owal eden günälerini), şek-şübhesiz, öçüreris we, elbetde, olary edip geçen iň oňat amallary bilen sylaglarys.

8. Biz ynsany ata-enesine ýagşylyk etmäge buýrduk (ýagny, ata-ene ýagşy bolsun, ýaman bolsun, hala musulman bolsun, hala kapyr, olara ýagşylyk etmek perzendiň, borjudyr, emma) öz bilmeýän zatlaryňy (ýagny, ýasama ýalan "huda"lary) Maňa şärik etjek bolup hem seniň boýnuňa dakjak bolup, saňa zor salsalar, olara etagat etmegin (boýun synmagyn)! (Hemmäňiz) Maňa gaýdarsyňyz, bes, (ana, şol Günde) Men size edip geçen amallaryňyzyň habaryny bererin.

9. Iman getiren we ýagşy amallar edenleri, şek-şübhesiz, salyh bendeler hataryna (ýagny, jennete) degişli ederis.

10. Adamlar arasynda şeýle kimseler hem bar ki, özleri: "Alla iman getirdik" diýýär-de, soň Alla ýolunda (kapyrlar tarapyndan bir ezet çekse), adamlaryň (bu) pitne-azarlaryny Allanyň azaby hasaplar (ýagny, ötegçi häkimler kapyrlaryň pitne-pisatlaryndan Allanyň azabyndan gorkan dek gorkup, öz iman-ygtykatyndan geçer). Kasam ki, eger, Perwerdigäriňiz tarapyndan (size-möminlere) ýeňiş

gelse, şek-şübhesiz, olar (mynapyklar): "Elbetde, biz siz bilen biledik" diýerler. Eýsem, Alla bütin älemleriň (ähli janly-jansyz barlygyň) kalplaryndaky närseleri örän ýagşy biliji dälmi?!

11. Elbetde, Alla iman getirenleri hem, mynapyk kimseleri hem biler.

12. Kapyr bolan kimseler iman getirenlere: "Siz biziň ýolumyza eýeriň, günäňizi biz götereris" diýdiler. Hiç haçan olar (möminleriň) günälerinden bir närsäni-de göteriji däldirler. Elbetde, olar ýalançylardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat Kureýş ýaşulylarynyň iman getiren kişilere: "Gaýtadan dirilmek, kyýamatdaky hasap-kitap diýilýän zatlar ýok närselerdir. Adam dünýä bir gezek gelýär, mundan başga dünýä ýokdur. Siz biziň ýolumyzdan ýöräberiň, egsr o dünýä hakyndaky gepler rast çykyp, kyýamat kaýym bolsa, barça günäleriňizi biz boýnumyza alarys we siz azaba duçar bolmarsyňyz" diýenlerinde hasyl bolandyr.

Aşakdaky aýatda bolsa, adamlary Hak ýoldan azdyran beýle kimseleriň öz günäleriniň üstüne gol astyndakylarynyň günälerine hem jogapkär boljakdygy aýdylýar. Sahyhul Buharaýyda rowaýat edilen bir hadysy-şerip hem şu aýaty-Kerims manydaşdyr: "Kim adamlary zelalata äkitse, onuň özüne tirkeşen kimseleriň günäleri hem bolar, emma olaryň öz günäleri-de jinnek ýaly-da kemelmez".

13. Elbetde, olar özleriniň günä-ýüklerini hem, ol ýükleri bilen 6ile (başga) ýükleri hem götererler we, elbetde, kyýamat güni öz ýöňkän (ýalanlary) dogrusynda sorag ediler.

14. Anyk ki, Biz Nuhy öz kowumyna (pygamber edip) iberdik. Bes, ol olaryň arasynda elli ýyly kem müň ýyl durdy (emma olar iman getirmediler), bes, olary zalym bolan ýagdaýlarynda tupan tutdy.

15. Soň Biz (Nuha) we gämidäki hemralaryna najat berdik we (ol tupan belasyny) barça älemlere aýat-ybrat edip goýduk.

16. Ybraýymy ýatlaň, ol öz kowumyna aýdypdy: "Alla ybadat ediň we Ondan gorkuň! Eger bilýän bolsaňyz, ine, şu siziň üçin ýagşyrakdyr.

17. Siz Allany goýup, diňe butlara ybadat edýärsiňiz we (olary ylah diýnp) ýalan ýöňkeýärsiňiz. Anyk ki, siziň Allany goýup, ybadat edýän närseleriňiz size rysky-ruz (gündelik rysk) bermäge kadyr däldirler. Bes (eger şeýle bolsa) siz rysky-ruzy (ýalňyz) Alla dergahyndan isläň We diňe Oňa ybadat ediň. Diňe Oňa şükür ediň, siz diňe Oňa gaýtarylarsyňyz.

18. Eger siz (meni) ýalançy etseňiz, bes, sizden ozalky ymmatlar hem (öz pygamberlerini) ýalançy (hasap) edendirler. Pygamberiň borjunda bolsa, diňe (Allanyň permanyny bendelerine) açyk-röwşen ýetirmek bardyr.

19. Ýeri, olar desowal (ilki) Allanyň nähili edip (ýokdan) bar edişini (görmedilermi?! Soňra (kyýamat güni bolsa), Ol şony (ýokdan bar eden närsesini) gaýtarar. Elbetde, bu Alla (üçin) aňsatdyr.

20. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Ýerde aýlanyp, (Allanyň) owalbaşda nähili edip ýaradanyny (we soň Özüniň ýokdan bar eden zatlaryny ýok edenini) görüň. Soňra Alla (olary) ikinji (gezek) peýda eder. Elbetde, Alla ähli zada kadyrdyr.

21. Ol Özi isläп kimselerine azaplar we Öz isläп kişilerine rehim eder. (Ýalňyz) Oňa gaýtarylarsyňyz.

22. Siz (Allanyň jezasyndan) ne ýerde, ne asmanda gaçyp gutulyp bilersiňiz. We siz üçin Alladan özge bir dost hem, kömekçi hem ýokdur.

23. Allanyň aýatlaryny we Oňa ýüzbe-ýüz bolmagy inkär eden kimseler - olar Meniň rahmetimden näumyt (mahrum) bolan kimselerdir we olar üçin agyr azap bardyr.

24. Bes, (Ybraýymyň işine) kowumynyň jogaby diňe: "Ony öldüriň ýa-da ýakyp goýberiň!" diýmekleri boldy. Soňra Alla oňa otdan (halas bolmaga) ýardam berdi. Elbetde, munda iman getirýän kowum üçin aýat-ybrat bardyr.

25.(Ybraýym) aýtdy: "Siz diňe pany dünýädäki özara aşna-garyndaşlygy isläp, Allany goýup, butlary tutduňyz. Häli kyýamat güni käbirleriňiz (ýagny, ezizleriňiz) käbirleriňiz -den (tirkeşýänlerden)! döner, käbirleriňiz käbirleriňizi näletlär. Siziň barjak jaýyňyz dowzahdyr. (O taýda) siz üçin ýardamçy ýokdur".

26. Bes, Lut oňa iman getirdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Lut Ybraýymyň ýegeni bolup, Ybraýym kapyrlar tarapyndan oda taşlananda, onuň ýanmadygyny görüp, hak pygamber diýip} bilip, birinji bolup iman getirýär.

(Ybraýym) aýtdy: "Elbetde, men Perwerdigärimiň buýran tarapyna hijret etmeli. Elbetde, Onuň Özi gudrat we hikmet eýesidir".

27. Biz (Ybraýyma ogly) Ishagy we (agtygy) Ýakuby bagyş etdik we oňa bu dünýäde pygamberligi hem (barça samawyý-asmandan inen) kitap(lar)y hem onuň zürýadyna (has) etdik we oňa bu dünýäde sogap-sylagyny berdik, elbetde, ol ahyretde hem salyh-lardandyr.

28-29. Lut Öz kowumyna: "Elbetde, siz şeýle bozuklyk edýärsiňiz ki, sizden owal bütin adamlardan bir kimse-de beýle etmändir. Hakykatdan hem, siz (aýallaryňyzy goýup) erkeklere ýanaşýarmysyňyz, ýollarda garak-çylyk edýärmisiňiz, mejlisleriňizde ýaman işler edermisiňiz?" diýenini ýatlaň. Bes, (Lut) kowumynyň jogaby diňe: "Eger sen dogruçyl bolsaň, bize Allanyň azabyny getir-dä" diýenleri boldy.

30.(Şonda) ol aýtdy: "Perwerdigärim, bu bozgak kowumdan meni üstün et!".

31. Haçanda Biziň ilçilerimiz (ýagny, perişdeler) Ybraýyma (perzent görjegi hakyndaky) hoş habary getirenden soň, aýtdylar: "Elbetde, 6iz ine, şu obanyň ilini heläk ederis. Çünki, onuň ili kapyr boldy".

32.(Ybraýym): "O taýda Lut bar-a" diýdi. Olar aýtdylar: "Biz o taýda kimiň barlygyny ýagşyrak bilýäris. Elbetde, biz (Luty) we onuň maşgalasyny halas ederis. Meger onuň aýaly (najat tapmaz, çünki ol) galyp, heläk bolmalylardandy".

33. Haçanda ilçilerimiz Lutuň ýanyna gelende, ol ýaman hala düşdi we ýüregi howlady. Olar aýtdylar: "Gorkma we gamgyn bolma. Elbetde, biz saňa we maşgalaňa najat bereris. Meger (aýalyň najat tapmaz, çünki, ol) galyp, heläk boljaklardandyr".

34. Şek-şübhesiz, Biz pasyk-etagatsyz bolandyklary üçin bu o6anyň ilatynyň üstüne asmandan azap - daş ýagdyrarys.

35. Anyk ki, Biz akyl ýöredýän kowum üçin (ybrat bolsun diýip) (oba)dan aýat-nyşana galdyrandyrys.

36. Madýan (kowumy)na öz gardaşlary Şuaýby (pygamber etdik). Şonda ol aýtdy: "Eý, kowumym, Allaga ybadat ediň we ahyret gününden umydygar boluň hem-de Ýer (ýüzün)de bozuklyk edip, entäp ýörmäň!".

37. Olar (Şuaýby) ýalançy (hasap) edenden soň, olary aýylganç ýer titreme tutup, duran ýerlerinde (tudana ýaly) döküldiler.

38. Aat we Samud (kowumlaryny hem heläk etdik. Bu) size olaryň mesgenlerinden (ýagny, ol mesgenlerden galan harabalardan) görnüp dur. Şeýtan olara (edýän) amal- laryny gözel görkezip, olary (Hak) ýoldan sowdy. Ýogsa, olar akyl-huşly adamlardy.

39. Karuny, Firawuny we Hamany hem (heläk etdik). Hakykatdan, Musa olara (özüniň pygamberdigine delalat edýän) anyk deliller

getirende, olar Ýer (ýüzün)de kibri-howa etdiler we (Biziň azabymyzdan) gaçyp gutulyp bilmediler.

40. Biz (olaryň) her birini öz günäsi bilen tutduk. Bes, olaryň arasynda üstüne Biziň daş ýagdyranlarymyz hem bardyr, olaryň arasynda elhenç ses tutup (heläk bolan) kimseler hem bardyr, (Biziň suwa) gark eden kimselerimiz hem bardyr. Alla olara zulum etmedi, gaýta olar öz janlaryna jebir etdiler.

41. Alladan özgäni dost tutan kimseleriň mysaly göýä (özi üçin) öý gurup, (şol öýden pena islän) möýe meňzeýär. Elbetde, öýleriň iň gowşagy (halparyp duran kerep) möý öýjagazydyr. Eger olar bilselerdi (möý öýjagazy - kerebi ýaly ejiz butlardan pena islemezdiler).

42. Şek-şübhesiz, Alla olaryň Özüni goýup, dileg edýän butlaryny buta sygynýandyk- laryny) biler. Ol (Alla) gudrat we hikmet eýesidir.

43. Işbu mysallary Biz adamlar (sapak alsynlar) diýip aýdýandyrys. (Ýöne) olary diňe ylymlylar aňlap bilerler.

44. Alla asmanlary we Ýeri hak (kanun) bilen ýaradandyr. Elbetde, Munda iman getirenler üçin aýat-ybrat bardyr.

45. (Eý, Muhammet), siz özüňize wahyý edilen Kitapda - Gurhanda bolan (aýatlar)y beýan ediň we namazy doly berjaý ediň! Elbetde, namaz bozuklyk we ýamanlykdan saklar. Alla (adyny) zikr etmek (gaýtalamak ähli zatdan) beýikdir. Alla edýän işleriňizi bilip durandyr.

46. (Eý, möminler), siz kitap eýeleri bilen diňe gözel mylakatda boluň, meger, olaryň arasyndaky zulum-zorluk eden kimseler bilen (kesgin mylakat ediň). We aýdyň: "Biz özümize inderilen (Gurhana) hem, size hsyl edilen (Töwrat we Injil)ýe hem iman getirendiris. Biziň ylahymyz hem, siziň ylahyňyz hem Bir (Ylah)dyr we biz diňe

Oňa boýun egýäris".

47. (Eý, Muhammet, Biz sizden owalky pygamberlere kitap berendiris!) Şonuň ýaly, Size hem Kitap - Gurhan inderdik. Bes, Biziň kitap (ýagny, Töwrat we Injil) bagyş edenlerimiz oňa (Gurhana) iman getirerler. Ana, ol (Mekge iliniň arasynda hem) oňa iman getirýän kişiler bardyr. Biziň aýatlarymyzy diňe kapyrlar inkär eder.

48. Siz (özüňize Gurhan inderilmezinden) öň bir kitabam tilewat' etmändiňiz (okamandyňyz) we öz eliňiz bilen hat hem ýazmandyňyz. Ýogsa, bozgaklar şübhe- lenerdiler.

49. Ýok, ol (Gurhan) ylym berlenleriň göwünlerindäki anyk-röwşen aýatlardyr. Biziň aýatlarymyzy diňe zalymlar inkär eder.

50. Olar (kapyrlar): "Oňa (ýagny, Muhammede) hem Perwerdigär tarapyn- dan aýat-mugjyzalar gelsedi" diýdiler. Aýdyň: "Aýat-mugjyzalar ýalňyz Allanyň huzuryndadyr. Men bolsa, diňe (günäkärleri Allanyň azabyndan) açyk habardar edijidirin, bolany".

51. Eýsem, olara tilewat edilýän şu Kitaby Biziň size inderenimiz ýeterlik dälmi?! Elbetde, bu (Kitap)da iman getirýän kowum üçin rahmet we aňlatma bardyr.

52. Aýdyň: "Alla meniň bilen siziň araňyzda degerli güwädir. Ol asmanlardaky we Ýerdäki bar zady biler. Batyl närsäge (ýagny, butlara) iman getirip, Allaga kapyr bolan kimseler ana, şolar zyýan görjekleriň özüdir".

53. Olar sizden azaby tizleşdirmegi talap ederler. Eger bellenilen mütdet (Kyýamat güni) bolmasady, elbetde, olara derhal azap gelerdi. Şek-şübhesiz, (azap) olara özleri aňmaýan ýagdaýlarynda duýdansyz geler.

54. Olar sizden azaby tizleşdirmegi talap ederler. Elbetde, jähennem kapyrlary dolap alýandyr.

55. Ol Günde azap olaryň üstünden hem, aýaklarynyň astyndan hem dolap alar (geler) we (Alla) aýdar: "Edip geçen amallaryňyzyň jezasyny dadyň!".

56. Eý, iman getiren bendelerim, şek-şübhe ýok ki, Meniň ýerim giňdir, uludyr. Bes, siz Maňa ybadat ediň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty-kerim Mekgedäki müşrikleriň-müňkürleriň zulmy-pitneleri sebäpli, tagat-ybadatlaryny bimelal edip bilmedik musulmanlar hakynda hasyl edilendir. Alla tagala bu aýat arkaly olara Özüniň zemininiň giňdigini, eger bir ýerde olaryň iman-ygtykadyna zyýan ýetirilse, başga ýere geçip, şol ýerde ýalňyz Özüne ybadat etmegiň lazymlygyny düşündirýär. Edil şu dogrusynda pygamber alaýhy-s-salamyň hadysy-mübäregi hem ähli mömin-musulmanlar üçin ybratly aňlatmadyr: "Kim öz dinini saklap galmak üçin bir ýerden başga ýere gitse, ol, elbetde, jennete hukukly bolupdyr".

57. Her bir jan ölüm (şerbetini) datmalydyr. Soňra Özümize gaýtary- larsyňyz.

58. Iman getiren we ýagşy amallar edenleri, elbetde, jennetde aşagyndan derýalar akyp duran jaýlara salarys. Olar şol ýerde baky galarlar. (Ýagşy) amal edýänleriň sylagy örän uly sylagdyr!

59. Olar (kapyrlar tarapyndan bolýan zulum-külpetlere) sabyr-takat eden we ýalňyz Perwerdigärine söýenýänlerdir.

60. Öz rysky-ruzuny göterip (ýagny, tapyp) bilmeýän näçe-näçe janlar bardyr. Alla olara hem, size rysk-ruz berer. Ol eşidýändirem, bilýändirem.

61. Kasam ki, eger siz olardan: "Asmanlary we Ýeri ýaradan, Güni we Aýy (öz ygtyýaryna) garadan kim?" diýip sorasaňyz, elbetde, olar: "Alla" diýip (jogap bererler). Bes, (şeýle bolsa, şol Alla ybadat

etmegiň deregne) nirä öwrülip barýarlar?!

62. Alla bendelerinden Özi islän kişileriniň ryskyny giň eder we (Özi islän kişileriň ryskany) teň (az) eder. Elbetde, Alla ähli zady bilýändir.

63. Kasam ki, siz olardan: "Asmandan suw-ýagyş ýagdyryp, ýeri "ölenden" soň dirilden kim?" diýip sorasaňyz, elbetde, olar: "Alla" diýip (jogap bererler). Siz (olara: "Garşy bolanyňyz üçin) Alla hamdy-sena bolsun!" diýiň. Ýok, olaryň köpüsi düşünmeýärler.

64. Bu pany dünýä diňe (bir demlik) oýun-tomaşadyr. Eger olar bilseler, ahyret diýary (baky) durmuş (diýarydyr).

65. Haçan olar gämä münseler, (gark bolmakdan gorkup), Alla çyn yhlas bilen doga-dileg ederler. Indi haçanda (Alla) olara najat berip, gury ýere (kenara çykarandan soň), olar öz-özünden (Alla) şek getirerler.

66. Olar Biziň bagyş eden nygmatlarymyza kapyr bolubersinler we (şu bir demlik durmuşlarynda mundan) "peýdalaiyp" galsynlar. Häli ýakynda (bu kylmyş- larynyň akybetini) bilerler!

67. Olar öz töweregindäki adamlaryň talaň-taraja duçar bolýan ýagdaýynda-da Biziň Hyramy (ýagny, Mekgäni) rahat edip goýandygymyzy görmedilermi?! Olar şeýle batyl bolup, butlara iman getirip, Allanyň nygmatyna (Yslam)a kapyr bolýarlarmy?!

68. Allanyň şanyna ýalan ýöňkäp ýa-da Hak-Gurhan gelen çagynda ony ýalan diýen kimseden zalymrak kim bar?! Kapyr kimseler üçin jähennemden jaý tapylmazmy?!

69. Biziň (ýolumyz)da jihad edenleri - göreşenleri Öz ýolumyza hidaýat ederis, çünki, Alla gözel amal edýänler bilen biledir!

30. RUM SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl edilen bolup, altmyş aýatdan ybaratdyr. Süre iki uly döwlet - Rum we Pars arasynda bolan uruşda parslaryň eliniň üstün gelendigini habar bermek bilen başlanyp, ýakyn ýyllarda Rumlylaryň ýeňiş gazanjagy dogrusynda habar berýär. Aradan ýedi ýyl geçenden soň, munuň - ylahyý habaryň hakdygy mälim bolýar. Rum döwleti parslaryň üstünden ýeňiş gazanýar. Süräniň "Rum" diýip atlandyrylmagynyň sebäbi şudur.

Bu sürede hem başga Mekge sürelerinde bolşy ýaly, möminler ýalňyz Alla ybadat etmäge çagyrylýar we Allany inkär edip, Onuň pygamberlerini ýalançy hasap eden uzak-ýakyn geçmişdäki kimseleriň akybetiniň nähili bolandygy hakynda habar berilýär. Ýene bu sürede Alla tagalanyň gudraty ylahyýasyna delalat edýän birnäçe ybratly tymsallar sanalyp geçilip, soňra süre pygamber alaýhy-s-salama we onuň ymmatlaryna öz iman-ygtykatlarynda sabyr-takat bilen üstün çykmak buýrulyp soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip. Lam. Mim.

2-3-4-5. Öräп ýakyn ýerde Rum ýeňildi. (Ýöne) olar (ýagny, rumlylar) 6u ýeňilişlerinden soň, birnäçe ýyldan (ýene) üstün bolarlar. Owalu-ahyr ähli iş Allanyň (ygtyýarynda)dyr. Şol gün möminler Allanyň (rumlylara) ýeňiş bereni üçin şatlanarlar. (Alla) Öz islän kişisini ýeňiji eder. Ol gudratly hem rehimlidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rum ýurdy araplara ýakyn bolup, rumlylar (hristian) dinine degişli bolup, parslar bolsa majusydylar. Şonuň üçin hem, parslaryň ýeňiş gazanandygy hakyndaky habar Mekgä ýetip gelende, Mekge müşrikleri begenip, mömin-musulmanlara: "Siziň Gurhana ynanyşyňyz ýaly rumlylar Injile ynanýarlar, parslar bolsa, edil biz ýaly hiç hili ylahyý kitaba iman getirmedikler. Ine, şu gün parslaryň rumlylary ýeňişi dek, ýakynda biz hem sizi ýeňeris" diýipdirler. Şonda ýokardaky aýatlar hasyl bolup, möminlere

teselli boldy we hakyktda ol aýatlaryň habary çyn bolup çykdy. Barça yslam ulamalarynyň nazarynda işbu aýatlar gaýyp-gelejek hakyndaky bu dogry habary berenligi, Muhammet alaýhy-s-salamyň Allanyň pygamberidigine, Gurhanyň bolsa, Allanyň kelamydygyna ýene bir delildir.

6.(Bu) *Allanyň wadasydyr. Alla Öz wadasyna ters iş etmez. Ýöne köp adamlar bilmez.*

7. Olar ahyretden gapyl ýagdaýda diňe pany dünýäniň lezzetini bilerler.

8. Eýsem. olar özleriçe Allanyň asmanlary we Ýeri hem-de olaryň arasyndaky bar närsäni diňe hak (kanun) we bellenen mütdet bilen ýaradanyny (diýmek, şol mütdet gutarandan soň, dünýäniň dagap, ahyretiň başlanjagyny) oýlanyp görmedilermi?! Hakykatdan hem, bu adamlaryň köpüsi (gaýtadan dirilip), Perwerdigärine ýüzbe-ýüz boljagyny inkär edýänlerdir.

9. Eýsem, olar Ýer ýüzünden seýru-syýahat edişip, özlerinden owalky (pygamberleri ýalançy hasap edip, imansyz giden kimseleriň akybetiniň nähili bolandygyny görseler bolmadymy?!) Şol (heläk bolan kimseler) bulardan (ýagny, Mekge kapyrlaryndan)' güýç-kuwwatlyrak bolan we (öz) ýerlerini bulardan hem ýagşyrak sürüp (ekinzarlyklara öwrüp), abat edipdiler-ä! Olara hem öz pygamberleri anyk-röwşen hüjjetler getiripdiler. (Olar pygamberleri ýalançy hasap eden- lerinden soň, heläk boldular). Bes, Alla olara zulum etmedi, emma olar (Hak ýola ýörmekden ýüz öwrüp) özlerine (özleri) zulum etdiler.

10. Soňra (ahyretde bolsa), Allanyň aýatlaryny ýalan diýmek we olaryň üstünden gülmek bilen (özlerine) ýamanlyk eden kimseleriň akybeti has hem erbet boldy.

11. Alla owal-başda Özi ýaradyp, soňra (Kyýamat gününde) Özi ýene gaýtadan ýaradar. Soňra (hasap-kitap kylmak üçin) Oňa

gaýtarylarsyňyz.

12.(Kyýamat) sagady kaýym bolýan Günde jenaýatçy kimseler bütünleý namyrat bolarlar.

13.(Ol Günde) olar üçin butlary tarapyndan aklawçy bolmaz (ýagny, olaryň pany dünýäde Allaga şärik eden butlary olardan döner) we olar hem butlaryndan dönerler.

14.(Kyýamat) sagady kaýym bolýan Günde (möminler bilen kapyrlar) biri-birlerinden aýrylyşarlar.

15. Indi iman getirenler we ýagşy amallar edenler (jennet bagynda) şatlanarlar.

16. Emma küfr ýoluny tutan we Biziň aýatlarymyzy hem-de ahyret mylakatyny ýalan diýen kimseler - ana, şolar (baky) azaba duçar edilerler.

17-18. Bes, gijä girýän wagtlaryňyzda hem, ertire çykýan wagtlaryňyzda hem, agşamda hem, peýşinde hem Allany päkläň (ýagny, Oňa hamdy-sena aýdyň! Çünki) asmanlar we Ýerdäki bar öwgi-alkyş Onuňkydyr. (Ýagny, ýer-gökdäki barça möwjudat - janly-jansyz ähli barlyk Oňa hamdy-sena aýdýar).

19.(Alla) ölüden dirini çykarar, diriden ölini çykarar we topragy ölenden soň (baharda gaýtadan) dirilder. Siz hem (kyýamat gününde gabyrlaryňyzdan) ine, şeýle çykarylarsyňyz.

20.(Allanyň gudraty ylahyýasyna delalat edýän) aýat-alamatlaryndan(biri) - Onuň sizi (ýagny, ataňyz Adamy) toprakdan ýaradanydyr, soňra sizi beşere öwrüp (Ýer ýüzüne) ýaýradanydyr.

21. Onuň aýatlaryndan (ýene biri) Onuň siziň hemdem bolmagyňyz üçin özleriňizden jübüt ýaradanydyr we araňyzda aşnalyk we mähir-muhabbet ýaýradanydyr. Elbetde, munda pikir edýän

kowum üçin aýat-ybratlar bardyr.

22. Onuň aýatlaryndan (ýene biri) Onuň asmanlary we Ýeri ýaradanydyr we siziň dilleriňizi we reňkleriňizi hilme-hil edip ýaýradanydyr. Elbetde, munda barça älemler üçin aýat-ybratlar bardyr.

23. Onuň aýatlaryndan (ýene biri) - gije-de, gündiz-de uklamagyňyzdyr hem-de (gündizler) Onuň fazly-merhemetinden rysky-ruz islemegiňizdir, Elbetde, munda aňlaýan kowum üçin aýat-ybratlar bardyr.

24. Onuň aýatlaryndan (ýene biri) - Ol size (gök- gümmürdisinden) gorkan we (ýagmyr ýagmagyndan) umydygär bolan halyňyzda, ýyldyrym çakdyryp, asmandan suw-ýagmyr ýagdyryp, onuň ýardamy bilen topragy ölenden soň diriltmegidir. Elbetde, munda akyl ýöredýän kowum üçin aýat-ybratlar bardyr.

25. Onuň aýatlaryndan (ýene biri) - asmanyň we Ýeriň Onuň emri bilen (giňişlikde deňölçegli) durmagydyr. Soňra (kyýamat kaýym bolanda) Ol sizi bir gezek çagyranda, ýatan ýeriňizden (hasap-kitap) üçin çykarsyňyz.

26. Asmanlar we Ýerdäki barça möwjudat Oňa degişlidir ki, barçasy Oňa boýun synar.

27. Ol owal-başda Özi ýaradyp, soňra (kyýamat güni) Özi ýene gaýtadan ýaradýan zatdyr. (Gaýtadan ýaratmak - diriltmek) Oňa örän aňsatdyr, Asmanlar we Ýerdäki iň beýik hyslat (ýeke-ýalňyzlyk) Onuňkydyr. Ol gudrat we hikmet eýesidir.

28.*(Alla) size öz-özüňizden mysal getirer; Siziň eliňizdäki gullardan biziň size rysk edip beren maly-mülkümize şärik boljaklar barmy, bes, siz (mal-mülküňize eýelik etmekde ol gullaryňyz bilen) deň bolup, olardan hem özüňizden gorkan dek gorkýarmysyňyz? Akyl ýöredýän*

kowum üçin aýatlary, ine, şeýle beýan edýäris.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýata aşakdaky ýaly düşünmeli: eger golastyňyzdaky gullaryňyz siziň mal-döwletiňize şärik boljak bolup dawa etseler we size boýun egmekden baş tartyp, maly-dünýäňize siz bilen des-deň eýelik edip başlasalar, siz hem olaryň azat adamlardan gorkuşy ýaly, olardan gorksaňyz kaýyl bolarmydyňyz? Elbetde, kaýyl bolmazdyňyz. Onda nämüçin barça älemleriň Perwerdigäri bolan Alla tagalaga Öz gullaryny şärik edýärsiňiz? Ýok, hiç haçan Ýaradan ýaradylana deň bolup bilmez!

29. Ýok, zalym kimseler bir bilim-hüjjetsiz nadanlaryň howaýy nebislerine eýerip (Alla şek getirdiler). Eýsem, Allanyň ýoldan azdyran kimsesini kim hidaýat edip biler? (Hiç kim hidaýat edip, dogry ýola duşürip bilmez) we olar üçin (ahyretde) ýardam berýän bolmaz.

30. Bes, (Eý, Muhammet), özüňizi hemişe dogry bolan dinde (Yslamda) saklaň! Allanyň ynsanlary ýaradan tebygy hulkaty (dini) saklaň! Allanyň ýaradyşy özgerdilmez. Iň dogry din, ine, şudur, ýöne köp adamlar bilmezler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatda takyklanyşyça, Yslam tebygy hulkat dinidir. Hadysy-şeripde aýdylyşyna görä, her bir çaga tebygy hulkatda - Yslamda dünýä geler. Soň ony ata-enesi ýa ýahudy eder, ýa nasrany eder, ýa majusy eder. Diýmek, ynsanyň iki dünýäde hem ruhunyň hem, bedeniniň hem bagt-sagadatly bolmagy üçin Öz ýaradylan tebygy hulkaty – Yslamdan aýrylmazlygy gerek eken.

31. (Alla) gaýdýan ýagdaýyňyzda (Onuň dinini mäkäm tutuň) we Ondan garkuň hem-de namazy doly okaň! Müşriklerden bolmaň!

32. Olar (ýagny, müşrikler) dinlerini bölüp, topar-topar bolandyrlar. Her bir topar özündäki bar zat bilen hoşaldyr.

33. Haçan (dinsiz) adamlara bir zyýan ýetse, Perwerdigärine gaýdyp, Ondan dileg ederler, soňra (Alla) olara Öz tarapyndan bir merhemet dadyrsa, olaryň bir topary öz-özlerinden Perwerdigäre

şek getirip başlar.

34. Olar Biziň bagyş eden nygmatlarymyza näşükürlik edibersinler! Bes, (eý, müşrikler) peýdalanyp galyň! Häli ýakynda (bu kylmyşlaryňyzyň akybetini) bilersiňiz?

35. Ýa-da Biz olara (asmandan) olaryň (Alla) şek getirmeklerini (dogry diýip) sözleýän bir delil iberdikmi?! (Ýok, olar diňe nadanlyk bilen Öz howaýy nebislerine eýerip, Alla dürli närselere şärik hasaplaýandyrlar).

36. Haçan Biz adamlara bir merhemet dadyrsak, olar muňa guwanýarlar. Eger olara Öz eden günäleri sebäpli bir ýamanlyk ýetse, öz-özlerinden näumytlyga düşýärler.

37. Eýsem, olar Allanyň Öz islän kişileriniň ryskyny giň edişini we (Öz islän kişisiniň ryskyny) az edişini bilmedilermi?! Elbetde, Munda iman getirýän kowum üçin aýat-ybratlar bardyr.

38. Bes, dogan-garyndaşlaryňyza, misgin we mysapyra (haýyr-yhsan etmek bilen) haklaryny beriň! (Allanyň) didaryny isleýän kişiler üçin, ine, şu iň ýagşy (işdir). Ana, şolar najat taparlar.

39. Siziň adamlaryň mallarynyň (zadynyň) zyýada bolmagy üçin süýthorlyk bilen beren (pullaryňyz ýa-da beýleki zatlaryňyz) Alla dergahyndan zyýat (sogap) almagyňyza sebäp bolup bilmez. Allanyň didaryny-razylygyny isläp bagyş edilen zekatdan ybarat bolan zatlaryňyz, ana, şol (zekat berýän kimseler sylag-sogaplaryny) köp esse edip alarlar.

40. Alla sizi ýaradan, soňra rysky-ruz beren, soňra janyňyzy alýan, soňra size (gaýtadan) durmuş berýän zatdyr. Siziň (sygynýan) butlaryňyzyň arasynda, ine, şularyň birini edip bilýäni barmy?! (Alla) olaryň şeklerinden päk we beýikdir.

41. Adamlaryň özleriniň eden etmişleri sebäpli gury ýerde hem, deňizde hem (dürli) apat belalar ýüz berdi. (Bu bela we apatlar adamlary edýän günälerinden) gaýtarmak üçin, olara eden käbir günäleriniň (jezasyny) dadyryp görmek üçindir.

42.(Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň: "Ýer ýüzünde seýri-syýahat edip, öň, ötenleriň akybetleriniň nähili bolandygyny görüň! Olaryň köpüsi müşrik-müňkürlerdir".

43. Bes, siz Alla tarapyndan gaýtarylmaýan Gün (ýagny, kyýamat) gelýänçä, özüňizi hemişe rast dinde tutuň! Şol Günde (möminler bilen kapyrlar bölünerler).

44. Kimde-kim kapyr bolsa, küfri öz boýnundadyr. Kim ýagşy amal kylsa, bes, olar özleri üçin (jennetden) jaý taýýarlaýandyr.

45. Çünki, (Alla) iman getiren we ýagşy amallar kylanlary Öz fazly-kereminden sylaglar. Hakykatdan hem, Ol kapyrlary söýmez.

46.(Allanyň gudraty ylahyýasyna delalat edýän) aýatlaryndan (biri)-(ýagyş hakynda) hoş habar beriji şemallary ibermegidir. (Alla) size Öz rahmeti-ýagmyryndan dadyrmak üçin we (deňizde) gämileriň Onuň emri bilen hereket etmegi hem-de siz (ol gämilerde) Onuň fazly-merhemetinden (rysky-ruz) islemegiňiz üçin we şükür etmegiňiz üçin (şemallary iberer).

47. Anyk ki, Biz sizden owal hem pygamberleri Öz kowumlaryna iberendiris. Bes, olar (kowumlaryna) anyk-röwşen deliller getirendirler. Son, jenaýat eden kimselerden intikam (ar) almagymyz we iman getirenleri ýeňiji etmek Biziň boýnumyzda hak (borç) bolandyr.

48. Alla şeýle (beýik) zat bolup, şemallary iberer, bulutlary sürer, soň (Alla buludy) Özi isledigiçe ýaýar we (eger halasa) ony bölek-bölek eder, şonda siz olaryň arasyndan ýagmyr

çykýandygyny görersiňiz. Indi haçan (Alla) ony Özi halan bendelerine ýetirse, olar hökman şady-horram bolarlar.

49. Emma olar üstlerine (ýagmyr) ýagdyrylmazyndan ozal, asla umytsyzdylar.

50. Bes, siz Allanyň rahmetiniň - ýagmyryň (goýan) yzlaryna serediň: Ol nädip ýeri öli halyndan diriltdi? Hiç şek-şübhesiz, ine, şu (Alla) ölüleri hem dirildijidir. Ol barça zada kadyrdyr.

51. Kasam ki, eger Biz bir şemal ibersek, we olar (ekinleriniň) saralyp duranyny görseler, elbetde, ana, şondan soň küfri nygmata öwürmäge durarlar.

52. Anyk ki, siz "ölü"lere (sözüňizi) aňladyp bilmeseňiz, ýüz öwrüp giden "ker"lere hem düşündirip bilmersiňiz.

53. Ýene siz "kör"leri öz zelalatyndan (gaýtaryp) hidaýat edip bilmersiňiz. Size diňe Biziň aýatlarymyza iman getiren kişilere (öz sözüňizi) geçirip bilersiňiz. Ana, şolar musulmanlardyr.

54. Alla şeýle (beýik) zat bolup, sizi naçar (ejiz) närseden (ýagny, bir damja suwdan) ýaratdy, soňra (siziň üçin) naçarlykdan soň güýç-kuwwat berdi, soňra güýç-kuwwatdan soň, ýene naçarlyk we garrylyk berdi. Ol Öz islän närsesini ýaradar. Ol bilimli hem gudratlydyr.

55. (Kyýamat) sagady kaýym bolýan Günde jenaýatçy kimseler (dünýäde) bir sagatdan artyk durmadyklaryna kasam içerler. Olar (pany dünýäde hem) ine, şeýle (rastdan ýalana) berilýärdiler!

56. (Şonda) ylym we iman berlenler aýdarlar ki: "Anyk ki, siz Allanyň (Lawhul-Mahfuzda) ýazyp goýşy ýaly, diriliş gününe çenli durduňyz. Bes, ine, şu diriliş Günüdir. Emma siz (bu Günüň hakdygyny-geljekdigini) bilmeýärdiňiz".

57. Ana, şol Günde (kapyr bolmak bilen öz janlaryna) jebir eden kimselere ötünçleri, bahanalary peýda bermez we olardan (Allanyň razy bolýan amallaryna) gaýtmak hem talap edilmez.

58. Anyk ki, Biz işbu Gurhanda adamlar üçin her hili mysallary beýan etdik. Kasam ki, eger siz, (Eý, Muhammet), olara (öz talap eden) aýat-mugjyzalaryny getirseňiz hem, elbetde, kapyr bolan kimseler: "Siz ýalançylaryň özüsiňiz" ("Siz diňe ýok zady wada berýärsiňiz") diýerler.

59. Alla (hakykaty) bilmeýän kimseleriň ýüreklerini, ine, şeýle möhürläp goýar.

60. Bes, (eý, Muhammet), sabyr-takat kylyň! Şek-şübhesiz, Allanyň (sizi we ymmatlaryňyzy kapyr kowumdan üstün etjegi hakyndaky) wadasy hakdyr. Ahyrete ynanmaýan kimseler sizi hergiz bitakat etmesin.

31. LUKMAN SÜRESI

Otuz dört aýatdan ybarat bu süre Mekgede hasyl bolupdyr.

Süre Gurhany Kerimiň tarypy bilen başlanyp, soňra bu barlykdaky ähli närsede Allanyň barlygyna we birligine delalat edýän aýat-alamatlaryň ýeterlikdigi hakynda habar berilýär we gökdäki kiçijik zerreden başlap, iň, uly saýýaralara (planetalara) çenli bütün barlygyň ýalňyz Ýaradan tarapyndan belgilenen tertip-intizama boýun synyşy düşündirilýär. Bu sürede bäş günlük dünýä matalaryna aldanan müşrikler we olaryň tapjak akybetleri dogrusynda hem, ýalňyz Alla iman getirip, ömrüni ýagşy amallar bilen geçirýän iman eýeleri hakynda hem ybratly mysallar getirilýär we süräniň soňunda ynsanlara bala-çaganyň hem, mal-dünýäniň hem peýda bermeýän hasap-kitap Gününiň-Kyýamatyň hakdygy duýdurylýar.

Bu sürede Lukman hekim dogrusyndaky habar we onuň öz perzendine eden öwütleri hem orun alany sebäpli, ol Lukman süresi diýlip atlandyry-lypdyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip. Lam. Mim.

2. Işbu (aýatlar) hikmetli Kitap aýatlarydyr.

3-4. Ol (bu kitap) namazy doly eda edýän, zekaty (hakdarlara) bagyş ädýän we ahyrete anyk ynanýan, gözel amal edýänler üçin ýol görkeziji we rahmet (Allanyň merhemeti) bolan (Kitap)dyr.

5. Perwerdigäri tarapyndan hidaýat tapanlar - ana, şolar (gözel amal edýänler)dir we najat tapjaklar hem olaryň özüdir.

6. Adamlaryň arasynda şeýle kimseler bar ki, olar bilimsizlik bilen (özgeleri) Allanyň ýolundan azdyrmak üçin we ol (ýoly) masgara etmek üçin (özüne) bihuda sözi satyn alar. Ana, şolar üçin hor ediji

azap bardyr.

7. Haçan oňa (şular ýalylara) Biziň aýatlarymyz tilewat edilse, göýä olary eşitmedik dek, göýä gulaklarynda agyrlyk-kerlik bar dek, kibri-howa (men-menlik) bilen ýüz öwrüp gider. Bes, oňa agyr azap hakynda "hoşhabar" berip goýuň!

8. Elbetde, iman getiren we ýagşy amallar edenler üçin näz-nygmat baglary (jennet) bardyr.

9. Olar o taýda ebedi galarlar. (Bu) Allanyň hak wadasydyr. Ol gudrat we hikmet eýesidir.

10. Ol asmanlary, görşüňiz ýaly, öresiz ýaradyp, siziň terpenmezligiňiz üçin ýerde daglary ýaratdy we onda her dürli jandary ýaýradyp goýberdi. Biz ýene asmandan suw-ýagmyr ýagdyryp, ýerde her dürli peýdaly (ösümlikleri) ösdürdik.

11. Bular Allanyň ýaradan närseleridir. Indi (eý, müşrikler), siz Maňa Ondan (Menden) özge "hudaý"laryň nämeleri ýaradandygyny hany görkeziň! Ýok, (olar hiç hili zady görkezip bilmezler, diýmek), ol zalym kimseler açyk zelalatdadyrlar.

12. Anyk ki, Biz Lukmana hikmet bagyş etdik (we oňa diýdik): "Alla şükür etgil! Kim şükür etse, diňe öz peýdasy üçin şükür eder. Kim näşükürlik etse, bes, elbetde, Alla (onuň we bütin älemiň, şükür etmeginden) bihajat we hamdy-sena laýykdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Nakl edişlerine görä, Lukman hekim müň ýyl ömür sürüpdir. Alla tagala oňa närsäniň we wakalaryň, hadysalaryň ýetirýän täsiriniň anygna hatasyz ýetmegiň we iň dogry netije çykarmagyň nygmatyny-hikmetini bagyşlapdyr. Şu sebäpli hem, Ondan ynsan şormaňlaýlygynyň garaňky ýollaryny ýagtyldyp bilýän köp ybratly, göreldeli hikmetler nusga bolup galypdyr.

13. Ýatlaň, Lukman ogluna pent-nesihat edende, aýdypdy: "Eý, oguljygym, Alla şek getirmegin! Çünki, şek getirmek uly zulumdyr".

14. Biz ynsana ata-enesini (ýagny, olara ýagşylyk etmegi), emr etdik. Enesi oňa (ynsana) ejizlik üstüne ejizlik bilen hamyla boldy (ýagny, garnyndaky hamyla ulaldyk saýyn enäniň saly gowşap, kuwwaty gaçar) ony dogurmak (süýtden aýyrmak mütdeti hem) iki ýylda (geler). (Biz şu sebäpden, ynsana buýrduk ki): "Sen Maňa we ata-eneňe şükür kylgyn! Ýalňyz Özüme gaýtjaksyň!

15. Eger olar (ýagny, ata-eneň) öz bilmeýän zatlaryňy Maňa şärik etmek üçin seni horlasalar, onda olara etagat etme (boýun synma)! Olara (başga wagtda hernäçe kapyr bolsalar-da) dünýäde ýagşy mylakatda bolgun we özüň maňa nobat - toba kylanlaryň ýoluna eýergin! Soňra (ýagny, Kyýamat gününde) Özüme gaýdarsyňyz, bes, Men size edip öten amallaryňyzyň habaryny bererin".

16.(Lukman aýtdy): "Eý, oguljygym, şek-şübhe ýokdur ki, hardal (ösümliginiň) tohumy dek (zerre ýagşy ýa-da ýaman amal edilýän) bolsa, bes, ol (amal) bir harsaň daş içinde, ýa asmanlarda, ýa-da ýer astynda bolsa-da, şony-da Alla (ýüze) çykarar. Çünki, Alla duýgur we ägädir.

17. Eger oguljygym, namazy doly eda et, ýagşylyga buýur we ýamanlykdan gaýtar hem-de özüňe ýeten (belalara) sabyr kyl! Elbetde, ine, şu - işleriň maksada muwapygydyr.

18. Adamlaryň (tekepbirlik bilen) ýüzüne urmagyn we ýerde kibri-howa (men-menlik) bilen ýörmegin. Çünki, Alla barça kibri-howa, öwünjeň kimseleri söýmez.

19. Ýöräňde saldamly ýöregin we sesiňi gataltmagyn: çünki sesleriň iň ýamany, elbetde, eşekleriň sesidir".

20.(Eý, ynsanlar), Allanyň asmanlar we Ýerdäki barça zatlary size boýun syndyryp goýandygyny, size ähli zahyry we batyly (äşgär we gizlin maddy-magnyly) nygmatlary kämil edip berenini görmediňizmi? Adamlaryň arasynda şeýle kimseler hem bar ki, öz bilmedik, hidaýat tapmadyk we röwşen Kitap - hüjjete eýe bolmasalar-da, Alla dogrusynda bäsleşik edýärler.

21. Haçan olara: "Allanyň inderen zadyna eýeriň" diýilse, eger şeýtai olary ot azabyna çagyryp duran bolsa-da, olar: "Ýok, biz ata-babalarymyz nämä eýeren bolsa, (şoňa) eýerýäris" diýýärlermi?

22. Kim gözel amal edip, özüni Alla tabşyrsa, bes, ol mäkäm halkany tutupdyr. Barça işleriň ahyry-akybeti Alla barar.

23. Kim kapyr bolsa, bes, sizi (eý, Muhammet), onuň küfri gamgyn etmesin. Olar Bize gaýdarlar, bes, Özümiz olara eden amallarynyň habaryny bereris. Elbetde, Alla kalblaryň syryny bilýändir.

24. Biz olary (bu dünýäde) azajyk (mütdet) peýdalandyryp, soňra gaty azaby (çekmäge) mejbur ederis.

25. Kasam ki, eger olardan: "Asmanlary we Ýeri kim ýaratdy?" diýip sorasyňyz, elbetde, "Alla" diýip jogap bererler. Siz: "Allaga hamdy-sena bolsun!" diýiň. Ýok, (muňa garamazdan) olaryň köpüsi (Alla ybadat etmegiň zerurdygyny) bilmezler.

26. Asmanlar we Ýerdäki bar zatlar Allanyňkydyr. Elbetde, diňe Allanyň Özi bihajat we hamdy-sena laýykdyr.

27. Eger Ýer ýüzündäki bar daragtlar galam bolup, deňiz (syýa bolsa, we) ondan soň, ýene ýedi deňiz kömege gelse, Allanyň sözleri (ylym-hikmeti) gutarmaz. Elbetde, Alla gudrat we hikmet eýesidir.

28.(Eý, ynsanlar), sizi owal-başda ýaratmak hem, (kyýamat gününde) gaýtadan diriltmek ýalydyr (ýagny, şonuň kibi aňsatdyr). Çünki, Alla (barça zady) eşidýändirem, görýändirem.

29. Allanyň gijäni gündize girizişini, gündizi gijä girizişini hem-de Gün bilen Aýyň her birini belgilenen (anyk) mütdete çenli peýda bolýan edip, boýun syndyryp goýandygyny we Allanyň, şek-şübhesiz, edýän amallaryňyzdan habardardygyny görmediňizmi?!

30. Munuň netijesi, Allanyň Özüniň Hak (ylahdygy), olaryň, (müşrikleriň Allany) goýup, dileg edýän butlarynyň bolsa, batyl zatdygy we (ýalňyz) Allanyň Özüniň iň beýik we uludygydyr.

31. Gämileriň diňe Allanyň aýat-mugjyzalaryny görkezmek üçin Onuň merhemeti bilen deňizde (ýüzüp) ýörendigini görmediňizmi?! Elbetde, munda ähli (belalara sabyr edýän, nygmatlara) şükür edýänler üçin aýat-ybratlar bardyr.

32. Haçan kapyrlary dag dek tolkun gurşap alsa, olar çyn yhlas bilen Alla doga-dileg ederler. Indi haçanda (Alla) olara najat berip, gurulyga (çykarsa) onda olaryň (diňe käbiri) dogry ýol tutarlar. Biziň aýatlarymyzy (hiç kim) inkär etmez, meger, bütünleý dönük we näşükür kimseler (inkär ederler).

33. Eý, ynsanlar, Perwerdigäriňizden gorkuň we ýene bir Günden (ýagny, kyýamatdan) gorkuň kim, (ol Günde) bir ata hem öz perzendi tarapyndan öwez almaz we perzent hem öz atasyndan bir närse öwez almaz. Elbetde, Allanyň (gaýtadan dirildip, hasap-kitap etmek hakyndaky) wadasy hakdyr. Bes, hergiz sizi pany dünýä (özüniň ötegçi nygmatlary bilen) aldamasyn we hergiz sizi gurur (şeýtan) Alla (her hili günäni geçýändir diýen aldaw) bilen aldamasyn!

34. Hakykatdan hem, ýalňyz Allanyň huzurynda (kyýamat) sagadynyň (haçan boljagy dogrusynda) bilim bardyr. Ol (Özi isleýän wagtda, Özi isleýän ýere) ýagmyr ýagdyrar we (eneleriň)

ýatgysyndaky hamylalaryny (ogulmy, gyzmy, görmeklimi, nogsanlymy, bagtlymy-bagtsyzmy) biler. Bir jan hem ertir näme iş etjegini bilmez. Bir jan hem nirede öljegini bilip bilmez. Diňe Alla (hemme zady) bilýändir we (barça närseden) habardardyr.

32. SEJDE SÜRESI

Bu süre otuz aýatdan ybarat bolup, Mekgede hasyl edilendir. Ol Gurhany Kerimiň, şek-şübhesiz, Alla tagala tarapyndan Muhammet alaýhy-s-sa-lama inderilen Kitapdygyny takyklamak bilen başlanyp, "Ony Muhammediň özi toslap ýazypdyr" diýýän müşrikleriň, sözleriniň, ýalandygy düşündirilýär.

Soňra "Ine, şu ýaşaýyşdan başga ýaşaýyş ýok, hiç haçan gaýtadan dirilmeris" diýen kimseleriň sözleri anyk deliller bilen ret edilip, ahyretiň we kyýamatyň hakdygy hem-de ömürlerini iman we ýagşy amallar etmek bilen geçiren möminler üçin Allanyň sylaglarynyň bardygy, pany dünýäde Allany unudan kimseleri bolsa, o dünýäde Allanyň hem "unutjagy" hakynda habar berilýär.

Süre hasap-kitap Gününde bolup geçýän ahwallary teswirlemek bilen tamamlanýar. Bu sürede hem sejde aýaty bar bolandygy sebäpli, ol "Sejde süresi" diýlip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elip. Lam. Mim.

2. Bu Kitabyň hasyl edilişi hiç şek-şübhesiz, barça älemleriň Perwerdigäri tarapyndyr.

3. Belki: "Ony (Muhammediň özi) toslandyr" diýerler?! Ýok, ol (Gurhan) senden owal birem habardar ediji gelmedik kowumy (ahyret azabyndan) habardar etmek üçin Perwerdigäriňiz tarapyn (inderilen) hakykatdyr. Eger olar dogry ýola düşseler!

4. Alla asmanlary we Ýeri hem-de olaryň üstündäki bar zady alty günde ýaradyp, soňra arşa çykandyr. Size Ondan özge birem dost we aklawçy ýokdur. Aňlatma-ybrat almaýarsyňyzmy?!

5. Ol asmandan Ýere çenli bolan barça işi tedbir edip – hereketlendirip durar, soňra (bu işleriň, barçasy) siziň hasabaňyzça müň ýyla deň bolan bir Günde (ýagny, kyýamatda) Onuň Özüne (dergahyna) göteriler

.DÜŞÜNDIRIŞ. Yslamy ylma görä, kyýamat güni-kapyrlar üçin hasap-kitabyň agyr geçendigi sebäpli, müň ýyla, ýene bir aýaty-Kerimde habar berlişiçe, elli müň ýyla deň ýaly duýulýar. Möminler üçin bolsa, hadysy-Şeripde getirilişine görä, bu wagt namaz okamak mütdeti ýaly tiz we aňsat geçer eken. Ana, şol Günde pany dünýäde ýüz beren barça kişiler Alla tagalanyň dergahyna göterilip, Ol Özüniň hak hökümini çykarýar.

6. Ine, şu (Alla) gaýyby we häziri bilýän gudratly we mähribandyr.

7. Ol barça zady gözel edip ýaradandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatda Alla tagala Öz ýaradan mahlukatlarynyň her birini nägadar ýetik ylym-hikmet bilen ýaradandygyna bendeleriniň ünsüni çekýär. Hakykatdan hem, dünýädäki möwjudatyň her birine dykgat-ygtybar bilen nazar salynsa, ondaky mynasybet we pugtalyk Ýaradanyň nägadar dana we bilimdardygyny akyl eýeleriniň ýadyna salýar. Şunda öten käbir ulamalaryň "Her ýaprakda bir Hudaý ýaşaýar" diýen sözleriniň manysy röwşenleşýär-aýdyňlaşýar.

Ol ynsany (Adamy) owal laýdan ýaratdy.

8. Soňra onuň nesli-öwladyny hakyr bir suwdan ybarat bolan nuftadan peýda kyldy.

9. Soňra ony (ynsan edip) rastlap, içine Öz (dergahyndaky) jandan girizdi. Ol siz üçin gulak, göz, ýürek peýda etdi. Siz bolsa, entegem az şükür edýärsiňiz.

10. Olar (ýagny, kapyrlar): "Biz ýer (astynda) ýok bolup gitsek, hakykatdan hem, ýene täze ýaradylyş bilen ýaradylarysmy?" diýdiler. Ýok, olar kyýamat gününde Perwerdigäre ýüzbe-ýüz

bolmagy inkär edýänlerdir.

11.(Eý, Muhammet), aýdyň: "Size wekil edilen ajal perişdesi janyňyzy alar, soňra Perwerdigäriňize gaýtarylarsyňyz".

12. Eger siz ol jenaýatçy kimseleriň (kyýamat gününde) Perwerdigäriniň huzurynda başlaryny egip: "Ýa, Perwerdigär, (wadaň rastdygyny) gördük we eşitdik, bes, bizi (ýaşaýyşa) gaýtargyn, biz ýagşy amal edeli. Indi biz kyýamatyň hakdygyna, şek-şübhesiz, ynanýandyrys" (diýişlerini) görsediňiz.

13. Eger Biz islesek, elbetde, her bir jana öz hidaýatyny eda ederdik, emma Men tarapdan işbu söz hak aýdylandyr. "Men jähennemi (kapyr) jyn we (dinsiz) adamlardan dolduraryn!"

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatda Alla tagala hiç kimi mejbury dogry ýola düşürmeýändigini, gaýta, ynsy-jynsy öz ygtyýaryna goýup, soňra Allanyň dinine etagat etmedik - boýun towlan kimseleriň jähenneme duçar edilýändigni anyk aýdýar.

14. Bes,(eý, kapyrlar) bu Günüňizdäki (kyýamat günündäki) duşuşygy unudandygyňyz sebäpli, (agyr azaby) dadyň! Ýene-de Biz hem (bu Gün) sizi "unutdyk". Edip öten amal- laryňyz zerarly, baky azaby dadyň!

15. Biziň aýatlarymyza, diňe haçan ol (aýatlar) zikr edilse, sejde edip ýykylýan we men-menlik etmän, hamdy-sena aýtmak bilen Perwerdigärini päkleýänler iman getirerler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat hem ssjde aýatydyr.

16. Olaryň ýanbaşlary ornundan (gyşarmakdan) yrak bolar (ýagny, gije- lerini ybadat bilen geçirip, az uklarlar). Olar Perwerdigärine gorky we umydygärlik bilen doga-dileg ederler we Biziň olara rysk edip beren zatlarymyzdan haýyr-yhsan ederler.

17. Bes, olaryň edip öten amallaryna sylag bolsun diýip, olar üçin ýörite (ýygnalyp) goýlan göz guwandyrýan (ahyret nygmatlaryny öňünden) bir jan hem bilmez.

18. Eýsem, mömin bolan kişi pasyk-etagatsyz bolan kimsä deň bolarmy?! (Ýok, bular) deň däldirler!

19. Iman getiren we ýagşy amallar edenler üçin edip öten amallary sebäpli, jennet baglary menzil bolar.

20. Pasyklaryň jaýlary jähennemdir. Her haçan ondan çykjak bolsalar, ýene şoňa gaýta- rylarlar we olara: "Öz ýalan diýen dowzahyňyzyň azabyny dadyň!" diýiler.

21. Elbetde, Biz olaryň (öz küfri-isýanlaryndan gaýtmaklary) üçin olara uly azapdan (ahyretdäki dowzah azabyndan) öň ýakyn azaby (ýagny, dünýä azabyny dadyrarys).

22. Öz Perwerdigäriniň aýatlary bilen pent-nesihat edilenden soň, olardan ýüz dönderen kimseden zalymrak kim bar?! Elbetde, Biz beýle jenaýatçy kimselerden intikam (ar, öç) alýandyrys.

23. Anyk ki, Biz Musaga Kitap - Töwrat berdik, bes, (Eý, Muhammet) siz onuň (Musanyň Töwrata ýüzbe-ýüz bolandygyna güman etmäň!) We biz (Töwraty) Beni Ysraýyl (kowumy) üçin ýol görkeziji etdik.

24. Olar (öz dinleriniň ýolundaky bela-külpetlere) sabyr-takat edenden soň, (adamlary) dogry ýola çagyrýan öňbaşçylary çykardyk. Olar biziň aýatlarymyza anyk ynanýardylar.

25.*(Eý, Muhammet), elbetde, Perwerdigäriňiziň Özi kyýamat gününde (adamlaryň) arasynda olaryň şübhe edip öten närseleri hakynda Öz hökümini beýan eder.*

26. Eýsem, olara (ýagny, müşriklere) Biziň olardan öň näçe asyr-öwlatlary heläk edenimiz we özleriniň şolaryň mesgenlerinde

ýörendigi mälim dälmi?! Elbetde, munda aýat-ybratlar bar (ýöne) olar aňlamaýarlarmy?

27. Eýsem, olar Biziň gury ýere suw kowup, (ýagmyr ýagdyryp), onuň kömegi bilen olaryň mallary hem, özleri hem iýýän ekinleri gögerdenimizi görmedilermi?!

28. Olar (musulmanlara); "Eger dogruçyl bolsaňyz, haçan, ine, şu fath (ýagny, Siziň, ýeňişiňiz) boljak?" diýerler.

29. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Fath gününde (kyýamatda) kapyr bolan kimse- lere iman getirmekleri peýda bermez we olara (toba-tagsyr) etmek üçin möhlet hem berilmez" (diýip).

30. Soň siz olardan ýüz dönderiň we (olara gelýän azaba) garaşyň! Çünki, olar hem garaşýandyrlar.

33. AZHAB SÜRESI

Bu süre ýetmiş üç aýatdan ybarat, Ol Medinede hasyl edilendir. Mälim ki, adatça Medine sürelerinde Mekgede hasyl bolan sürelerden parhlyrak, söz, esasan, yslamy durmuş terzi we dini dessurlar hakyndady: Gürrüň yslamy ylmy aňladyşdan, yslamy şerigaty (kanunlary) beýan etmäge geçýär. Bu süre hem şu kadany saklaýar.

Ol deslap Muhammet alaýhy-s-salama Alla tagalanyň ýolunda üstünlik diläp, ýalňyz Alla söýenmäge we diňe wahyý ylahyna eýermäge buýrmak bilen başlanýar, soňra yslam dinindäki käbir hökümlerde ogullyk alnan çaganyň dogan perzent bilen deň bolmaýandygy beýan edilýär we süräniň dowamynda bu meselä ýene dolanylýar.

Ýene bu sürede pygamber alaýhy-s-salamyň ähli aýallary dogrusynda hem-de olaryň boýunlaryndaky aýry-aýry wezipeleri we özbaşdak hukuk-lary barasynda söz açylýar, şonuň ýaly-da, olaryň barça mömin-musul-manlar üçin ene ornundadygy, möminleriň olara zyýada hormat we öte seresaplylyk bilen mylakat etmekleriniň zerurlygy düşündirilýär. Süräniň soňunda ynsanyň, öz üstüne alan - Alla tagalanyň hemme emri-permanlaryna boýun synmak wezipesiniň, hatda asmanu-zemin we dag-daşlar götererden agyr wezipedigi takyklanýar. Bu sürede Medinede täze derän Yslam döwletini ýok etmek üçin dürli tire-taýpalaryň birleşip eden hüjümleri hakynda we bu jeňiň, üsti bilen Alla tagalanyň möminleriň iman-ygtykatlaryny ýene bir gezek synagdan geçirendigi hakyndaky aýatlar hem orun alandygy sebäpli ol "Azhab • "Pyrkalar" ýagny, "Taýpalar" diýlip atlandyrylypdyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Eý, pygamber, Alladan gorkuň we kapyr, mynapyk kimselere boýun synmaň. Elbetde, Alla bilýändir we hikmet eýesidir.

2. We (diňe) size Perwerdigäriňiz tarapyndan wahyý edilýän aýatlara eýeriň! Elbetde, Alla siziň edýän amallaryňyzdan habardardyr.

3. Ýalňyz Allaga töwekgel ediň! Allanyň özi degerli wekildir (söýenmäge degişlidir).

4. Alla bir adamyň-da içinde iki ýürek eden (ýaradan) däldir, (şonuň ýaly) siziň zyhar eden hatynlaryňyzy hem size ene eden däldir we ogullyga (perzentlige) alan (eklän) çagala- ryňyzy hem öz çagaňyz eden däldir. Bu (ýagny, aýallaryňyza "ene" diýmegiňiz) siziň dahanyňyzdaky sözdür. Ýalňyz Alla hakykaty aýdar we Onuň Özi (hak) ýola düşürer.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatda iki mesele dogrusynda Allanyň hökümi beýan edilýär. Birinjisi "Zyhar" meselesi bolup, bu ybara araplaryň däbinde bolup, kişi öz aýalyna: "Enemiň beden· iniň maňa haram bolşy ýaly, seniň teniň hem maňa haramdyr" diýişlerini aňladýar. Adat boýunça, 6u sözler aýdylan aýallar şol adamyň öz enesine öwrülip galýar diýen düşunje bar bolup, soňra onuň bilen ýaşaşmak mümkin däl hasaplanypdyr. Gurhan olaryň bu gümanlarynyň nädogrydygyny aýdýar, fikhşynaslyk-kanunşynaslyk kitaplarynda ýokardaky sözleri aýdan adamlaryň nälaýyk sözleri üçin mälim tertipde kaffarat-jerime töläp, nikalaşan aýallary bilen ýaşamaklarynyň ýerliklidigi aýdylýar, olaryň nikasy bozulmaýar.

Ikindji mesele, ogullyga (ýa gyzlyga) alnan çaganyň yslam şerigatynyň hökümine görä, her zatda bolsa, puşty-kemeriňden önen çaga ýaly bolmaýandygy hakyndadyr. Bu aýat pygamber alaýhy-s-salamyň ogullyga alany Zeýd binni Harys hakynda hasyl bolup, süräniň dowamynda bu mesele ýene gozgalýar.

5. Olara öz atasy(nyň ady) bilen ýüzleniň! Şu Alla nazarynda has adalatlydyr. Indi eger olaryň atasyny bilmeseňiz, onda (olar) siziň dini doganlaryňyzdyr (ýagny, onda olara gardaşym pylany, dostum pylany diýip ýüzleniň, emma ogullyga alan atasynyň ady bilen

ýüzlenmäň). Eden ýalňyşlaryňyz sebäpli, siz üçin günä ýokdur, emma (köňlüňiz bilen) kast eden zadyňyza (günäkär bolarsyňyz). Alla geçirimli, mähribandyr.

6. Pygamber möminlere (olaryň) özlerinden hem ýakyndyr, onuň aýallary bolsa, olaryň eneleridir. Allanyň Kitabynda garyndaş-uruglar (mirasdarlykda) bir-birlerine (gan-garyndaş bolmadyk) möminlere we muhajirlere görä ýakyndyrlar. Eýsem, siz öz ýakynlaryňyza ýagşylyk etmermisiňiz? Bu - kitapda (ýagny, Lawhul-Mahfuzda) ýazylyp goýlan (hökümdir).

7-8. Ýatlaň, Biz (barça) pygamberlerden we (hususan) sizden, Nuhdan, Ybraýym we Merem ogly Isadan ähti-peýmanlar alypdyk.

Ol rastgöýlerdan (kyýamat gününde) rastgöýlükleri hakynda soramak (üçin olardan pugta ähti-peýman aldyk. Alla kapyrlar üçin ýowuz azap taýýarlap goýandyr.

9. Eý, möminler, size garşy (dürli taýpalardan ybarat) goşun gelen wagtynda, Biziň olaryň üstüne şemal we size görünmeýän goşuny (ýagny, perişdeleri) iberenimizi - Allanyň size beren nygmatyny ýatlaň! Alla edýän amallaryňyzy görüp durandyr.

10. Şonda olar (duşmanlaryňyz) siziň ýokary tarapyňyzdan hem, siziň aşak tarapyňyzdan hem (çozup) gelipdiler. Şonda gözüňiz dumanlap ýürekleriňiz bokurdagyňyza geldi we siz Alla hakynda (dürli) gümanlar edip başladyňyz.

11. Ana, şol ýerde (wagtda) möminler (ýene bir) synag edildiler we (bu howpdan) uly lerzana düşdüler.

12. Şonda mynapyklar we ýüreklerinde dert bolan (ýagny, yggykatlary ejiz bolan) kimseler: "Alla we Onuň pygamberi bize diňe ýalan wada edipdirler" diýip başladylar.

13. Şonda olardan bir taýpa: "Eý, Ýasrib, (ýagny, Medine) ili, sizde (beýle köp sanly ýowa garşy) durmaga güýç ýokdur, bes, (öz öýleriňize) gaýdyň" diýdi. Olardan ýene bir topar bolsa: "Öýlerimiz açyk (galypdy)" diýip, pygamberden rugsat soradylar. Ýöne (öýleri) açyk däldi. Olar diňe (jeň meýdanyndan) gaçmak islediler.

14. Eger olaryň (mynapyklaryň) üstüne (Medinäniň ähli) tarapyndan (çozup) girilse-de, soňra olardan pitne (ýagny, musulmanlara hyýanat) talap edilse, şek-şübhesiz, olar köp (ikirjiňläp) durmazdan (beýle hyýanata razylyk) bererdiler.

15. Çünki, olar owal yza çekilmezlik hakynda Alla ähti-peýman berip- diler, Alla berlen (bu) ähti-peýman bolsa, (kyýamat gününde) soraljakdy.

16.(Eý, Muhammet) aýdyň: "Eger siz ölmekden ýa öldürmekden gaçsaňyz, bu gaçyş size (barybir) birem peýda bermez, diýmek, siz juda az, (ýagny, ajalyňyz ýetinçä) peýdalanarsyňyz, bolany".

17. Aýdyň: Eger Alla size ýamanlygy erada kylsa, haýsy bir kimse sizi ondan gorap biler, ýa-da Ol size merhemeti erada kylsa, (kim sizden, ony saklap biler)?!" Olar özlerine Alladan özge bir dost hem, bir ýardamçy hem tapyp bilmezler.

18-19. Alla siziň araňyzdaky (jihatdan) saklanýan we öz dostlaryna: "Biziň tarapymyza geçiň" diýýän kimseleri anyk biler. Olaryň käbiri jeňe diňe size (siziň ýeňiş gazanyp, olja eýe bolşuňyza) bahyllyklary tutanda gelerler. Bes, haçan (ýow tarapyndan) howp gelse, siz olaryň ölüm dolap alan kimse kibi gözlerini oýnakladyp (şeýtanlap), siz tarapa seredýänlerini görersiňiz. Indi haçan howp gitse, olar ýagşylyk (ýagny. oljalar) üstünde açgözlük edip, sizi ötgür dil bilen sünjerler. Olar (çyn ýürekden) iman getirmändirler, bes, (şu sebäpli) Alla olaryň amallaryny bihuda giderdi. Bu Allaga aňsat işdir.

20. Olar (mynapyklar gorkaklyklary sebäpli, kapyr taýpalar Medine etrapyndan dargap gidenlerinden soň hem) ol taýpalary giden däldir diýip oýladylar we eger ol taýpalar (ýene gaýdyp) gelseler, (mynapyklar şäherde - siziň araňyzda däl, belki, sährada) çarwa beduinleriň arasynda bolup, siziň hal-ýagdaýyňyz hakynda sorap-bilip durmagy dost tutýarlar (özlerine mynasyp görýärler). Eger olar siziň araňyzda bolanda hem käbirleri jeň ederdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky (9-20) aýatlarda hijretiň bäşinji sene-sinde bolup geçen we yslam taryhynda "Hendek söweşi" diýip at alan 6ir jeňiň beýany hakynda gürrüň gidýär. Teswirçileriň ýazmaklaryna görä, Bu waka şeýle bolupdyr: Mekge we Medine etraplaryndaky birnäçe kabyla pyrkalar - (taýpa-toparlar) musulmanlary ýok etmek üçin dil birikdirip, on iki müňdenem artyk goşun toplap, Medinä ýöriş edýärler. Bu şum habary eşidip, pygamber alaýhy-s-salam üç müň esgeri bilen Medinäniň çetine çykyp, sahabalardan Salmany Parsynyň maslahatyna görä, şäheriň çar tarapynda tizden-tiz hendek (garym) gazýarlar we özleri goraga taýýar bolup durýarlar. Şu arada her tarapdan ýetip gelen dürli taýpalaryň, ýoluny şu çaka çen arap uruşlarynda ulanylmadyk usul garym saklaýar we olar Medinäni dört tarapyndan gabaýarlar, emma şäheriň içine girmegiň çäresini tapyp bilmeýärler. Şäher halky bolsa, gabaw edip duran goşunyň wagşylygyndan ätiýaç edýär we şonda kimiň möminligi, kimiň mynapykdygy belli bolýar. Möminler Alla tagalanyň medetine göz dikip, pygamber alaýhy-s-salamyň töweregine jebisleşýärler, mynapyklar bolsa, bütünleý näumytlyga, was-wasa düşýärler. Ins, şu ýagdaýda bir aýa golaý wagt geçenden soň, bir gün duýdansyz howa sowaýar, tupan turýar we gabawda duranlaryň ýakan ot-ýalynlaryny öçürip, olaryň diken çadyrlaryny uçuryp gidýär. Olaryň Medinä girmekden umydy üzülip, yzlaryna gaýdyp gitmekden başga çäre tapmaýarlar. Şeýdip, Alla tagala işbu agyr pursatlarda möminleriň imanlaryny ýene bir gezek synag edýär we dil ujundan iman getirseler-de, kalbynda merez bolan kimseleriň etmişlerini paş edýär.

21. (Eý, möminler) siz üçin - Alla we ahyret gününden umydygär bolan we Allany köp ýat edenler üçin - Allanyň pygamberiniň (iman-ygtykadynda we hulkun)da gözel görelde bardyr.

22. Möminler ol taýpalary gören wagtlarynda: "Bu Allanyň we pygamberiniň bize wada eden zadydyr (ýagny, synagydyr). Allanyň, we pygamberiň sözi rastdyr" diýdiler we (üstlerine çozup gelen taýpalaryň san-sajaksyzlygy) olaryň (Alla bolan) iman-ygtykatlaryny ýene-de zyýada kyldy, bolany.

23. Möminler arasynda öz Allaga eden (Onuň ýolunda jihad edip, şehit bolmak hakdaky) ähti-peýmanlaryna wepaly kişiler bardyr. Bes, olardan (käbir) kişiler öz ähdine wepa kyldy (ýagny, şehit boldy) olardan (käbir) kişiler bolsa, (şehit bolmaga) intizardyr. Olar (mynapyklar ýaly Allaga beren ähti-peýmanlaryny) üýtgetmeýärler.

24. Alla (ähti-peýmanlaryna) wepaly kişileri rastgöýlükleri sebäpli sylaglamak üçin, mynapyklary bolsa, eger Özi islese, (mynapyk ýagdaýlarynda öldürip) azaba giriftar etmek üçin ýa-da tobalaryny kabul edip (günälerini geçirmek) üçin (şu synaga duçar kyldy). Alla geçirimli we mähribandyr.

25. Alla kapyrlary (ýagny, taýpalary) gaharly ýagdaýda gaýtardy. Olar bir ýagşylygam - peýda-da gazanmadylar. Möminlere jeň babatynda Allanyň Özi kifaýa kyldy (ýagny, asmandan şemal we perişdeler iberip, möminleri uruşsyz ýeňşe ýetirdi). Alla güýçlüdirem, gudratlydyram.

26. Ol (taýpalara) ýardam beren kitap eýelerinden bolan kimseleri (Alla) öz galalaryndan düşürdi we kalplaryna gorky saldy. (Indi) siz (olardan) bir toparyny öldürseňiz, bir toparyny ýesir alarsyňyz.

27. We sizi (Alla) olaryň ýerlerine, jaýlaryna, maly-mülklerine we (heniz) aýagyňyz ýetmedik ýerleriňize eýe etdi. Alla her bir zada kadyrdyr,

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu iki aýat Beni Kuraýza diýen ýahudy tiresi hakynda hasyl edilendir. Bu tire öň pygamber alaýhy-s-salam bilen birek-biregiň garşysyna uruşmazlyk hakynda geleşik düzüpdi. Kapyr tire-taýpalar

möminlere garşy ýöriş edenlerinde bolsa, olar geleşige dönüklik edip, duşmanlara goşuldylar. Şonuň üçin ol taýpalar gaýdyp gidenlerinden soň, musulmanlar Beni Kuraýza kabylasyny gabawa saldylar, şonda gizlenen galalaryndan çykyp, boýun syndylar. Şonda olaryň birnäçsi öldürilip, galanlary musulmanlar tarapyndan ýesir alyndy we ýer-mülkleri paýlaşyldy.

28. Eý, pygamber, jübütleriňize (aýallaryňyza) aýdyň: "Eger siz pany dünýäni we onuň zer-zynatlaryny isleýän bolsaňyz, onda geliň, men sizi (şol zatlardan) hoşal edeýin we gözel ugradyş bilen ugradaýyn (ýagny, siziň jogabyňyzy bereýin).

29. Eger (siz) Allany, Onuň pygamberini we ahyret diýaryny isleýän bolsaňyz, onda, şek-şübhesiz, Alla siziň araňyzdaky gözel amal edýänler üçin uly sylagy-jenneti taýýarlap goýandyr".

30. Eý, pygamber aýallary! Siziň haýsyňyz anyk günä etse, oňa iki esse azap berler. Bu Alla üçin ap-aňsatdyr.

31. Sizden kim Alla we Onuň pygamberine boýun synsa we ýagşy amal etse, Biz onuň sylagyny iki esse edip bereris we onuň üçin uly rysk (ýagny, jenneti) taýýarlap goýandyrys.

32. Eý, pygamber aýallary, siz eger takwa bolsaňyz, (beýleki) aýallaryň biri ýaly dälsiňiz (ýagny, bir aýal hem fazly-merhemete sizçe eýe bolul bilmez). Bes, siz (perde aňyrsyndan bir nämähre erkege jogap beren wagtyňyzda) mylaýymlyk bilen näz etmäň ki, onda göwnünde näpäklik bolan kimse tama eder. (Diňe) ýagşy sözi, dogry sözi sözläň!

33. Öz öýňüzde berkarar boluň (ýagny, öýden sebäpsiz çykmaň, meger. bir iş bilen çykaňyzda bolsa), öňki dinsizlik (döwrün)däki bezenilşi ýaly bezenmäň! Namazy doly berjaý ediň, zekady beriň hem-de (ähli işlerde) Alla we Onuň pygamberine etagat ediň! (Eý, pygamber) maşgalasynyň agzalary, Alla sizden günäni gidirmegi we

Sizi bütünleý päklemegi isleýär, bolany.

34. Öýňüzdäki Allanyň aýatlaryndan we hikmetlerinden (pygamberiň hadyslaryndan) ybarat tilewat edilýän (okalýan) zatlary zikr tilewat ediň! Elbetde, Alla mähribandyr we habardardyr.

35. Elbetde, müslim we muslimalar (musulman erkekler we musulman aýallar), etagatly erkekler we etagatly aýallar, rastgöý erkekler we rastgöý aýallar, sabyr-kanagat edýän we sabyr-takat edýän erkekler we toba-tagsyr edýän aýallar, oraza tutýan erkekler we oraza tutýan aýallar, jynsy agzalaryny (haramdan) saklaýan erkekler we (jynsy agzalaryny haramdan) saklaýan aýallar, Alla (adyny) köp zikr edýän erkekler we (Alla adyny köp) zikr edýän aýallar üçin Alla magrypat we ulug sylag (ýagny, jennet taýýarlap) goýandyr.

36. Ulug we Onuň pygamberi bir işi höküm eden - buýran wagtynda bir möminiň hem, bir mömin aýalyň hem (Allanyň hökümini goýup) öz işlerini etmegi ýerlikli däldir. Kim Allaga we Onuň pygamberine asy bolsa, bes, ol açyk ýoldan azypdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat pygamber alaýhy-s-salamyň daýzasy Umaý-manyň gyzy Zeýnep binti Jahş hakynda hasyl bolandyr. Pygamberimiz Zeýnebi öz ogullygy Zeýd binni Harysa gelinlige sorap sawçy bolup (baranda, ol ylalaşman: "Ýa resulyllah, eýsem, men Kureýşiň iň ýokary gatlagyndan bolsam, Zeýd bolsa, gije-gündiz azat edilen gul bolsa, ol neneň bize mynasyp bolsun" diýdi. Pygamber alaýhy-s-salama ýokardaky aýat inderilenden soň, Zeýnep nalaç bolup, razylyk berýär we Zeýde nikalap berilýär. Ýöne Zeýd bilen Zeýnebiň durmuşy oňmaýar. Çunki, Zeýnep ärine pisint etmän, mydama özüniň ýokary gatlakdandygyny ýatladyp, ykarat edýär. Ahyry Zeýd pygamberiň ýanyna şikaýat bilen gelip, onuň bilen mundan artyk ýaşap bilmejekdigini aýdýar. Şu arada Alla tagala tarapyn pygamber alaýhy-s-salama wahyý gelip, onda Zeýd bilen Zeýnebiň aýrylyp gidendikleri we pygambere Zeýnebe öýlenmek hakynda habar berilýär. Emma pygamber alaýhy-s-salam adamlaryň: "Muhammet öz ogullygynyň

aýalyna öýlendi" diýip, ykarat etmeklerinden çekinip, bu wahyýny äşgär etmän gelýärdi. Şonuň üçin hem, Zeýd gelip, aýaly bilen aýrylyşandygyny aýdanda, oňa sabyr etmegi maslahat berdi. Aşakdaky aýatda Alla tagala Öz pygamberine, ine, şu işi üçin temmi berýär.

37. (Eý, Muhammet) ýatlaň: siz Alla (yslama hidaýat etmek bilen) ynam-merhemet eden we siziň (gulçulykdan azat edip, ogullyga almak bilen) ynam eden kişiňe (ýagny, Zeýd binni Harysa): "Jübütiňi öz huzuryňda saklagyn (talak etmäge howlukmagyn), Alladan gorkgun" diýip, Allanyň äşgär eden zadyny içiňizde ýaşyrdyňyz we Alladan gorkmagyňyz dogry bolup durka, adamlardan (olaryň näletlemeginden) gorkduňyz. Bes, haçanda Zeýd onuň (ýagny, Zeýnebiň) hajatyny eda edenden soň (ýagny, ony talak edenden soň), Biz sizi oňa öýlendirdik. Täki möminleriň ogullyklary öz aýallarynyň hajatyny eda edenden soň (ýagny, olary talak edenden soň), olaryň aýalyna öýlenmekde erbetlik bolmazlygy üçin (şeýle etdik). We Allanyň eradasy berjaý bolýandyr.

38. Allanyň pygambere parz eden (ýagny, halal eden) närsesinde hiç hili taňlyk ýokdur. (Bu) ozal öten pygamberler üçin hem Allanyň halal eden zatlarynda hiç hili taňlyk-erbetlik bolan däldir Allanyň emri-eradasy takdyry-ezeli boldy.

39. Olar (öten pygamberler) Allanyň emri-permanlaryny (bendelerine) ýetiren, Ondan gorkan we Alladan özge birewden gorkmadyklardyr. Allanyň Özi degerli hasap edijidir.

40. Muhammet sizden (möminlerden) bir kişiniňem atasy däldir, belki, ol Allanyň pygamberi we pygamberleriň soňkusydyr. Alla barça zady bilýändir.

41. Eý, möminler, Alla (adyny) köp zikr ediň!

42. We ertir-agşam Ony päkläp, tesbyh aýdyň!

43. Ol sizi (küfr) zulmatlardan (iman) nuruna çykarmak üçin size merhemet görkezýändir. Onuň perişdeleri hem (siziň, hakyňyza doga kylarlar). Ol (Alla) möminlere mähribandyr.

44.(Möminler Allaga) ýüzbe-ýüz boljak Günde olara (Alla tarapyn ýollanan) salam, dynçlyk-amanlyk miýesser bolar. (Alla) olara uly sylag (jennet) taýýarlap goýandyr.

45-46. Eý, pygamber, hakykatdan hem, Biz sizi kyýamat gününde (barça ymmatlar üstünde) güwälik beriji (möminlere jennet hakynda) hoşhabar eltiji we (kapyrlary dowzah azabyndan habardar ediji) hem-de Allanyň idin-eradasy bilen Oňa (Onuň dinine) çagyryjy we (Hak ýoluny görkeziji) nurly çyrag edip iberendiris.

47. Möminlere hoşhabar beriň ki, şek-şübhesiz, olar üçin Alla tarapyn uly fazly-merhemet (jennet) bardyr.

48. Siz kapyrlara we mynapyklara boýun synmaň we olaryň azar-ezetlerine perwaý etmäň hem-de Allaga töwekgel ediň! Allanyň Özi degerli wekildir.

49. Eý, möminler, haçan Siz mömin aýallar bilen nikalaşsaňyz, soňra olara el degirmekden - ýakynlaşmazdan ozal talak etseňiz, onda siziň üçin olaryň borjunda sanylýan ydda bolmaz. Bes, siz olary (azu-köp sowgat bilen) hoşal edip, gözel ugradyş bilen ugradyň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Mälim ki, yslam şerigatyna - kanunyna gorä, aýrylyşanda, aýal başga birine durmuşa çykmak hukugyna üç aý ydda saklandan soň eýe bolýardy. Indi eger är-aýal gowuşmazdan öň aýrylaşan bolsalar, onda aýalyň ydda saklamagy hökman däldir, çünki, ydda aýalyň göwreli bolandygyny-bolmandygyny anyklamak üçin saklanýardy. Ýagny beýle ýagdaýda äriň aýalynyň hakyny-mähryny tölemegi hem lazym däl, belki, göwnünden çykan bir sowgat bilen şol hatyny razy etmek ýeterlikdir.

50. Eý, pygamber, elbetde, Biz size hakyny-mähryny beren jübütleriňizi, Allanyň (jeňu-jedellerde) olja edip beren gyrnaklaryny,

siziň bilen bile hijret edenleriň gyzlaryny we daýylaryňyzyň, daýzalaryňyzyň gyzlaryny, ýene (islendik) mömine aýaly eger ol pygambere özüni bagyş etse, pygamberem ony nikasyna almak islese, - (şu aýallaryň hemmesini Biz size) halal etdik. (Özüni bagyş eden aýala hakyny-mähryny bermän öýlenmek ejazasy hemme) möminler üçin däldir, diňe siziň üçindir. Biziň (möminlere) jübütleri we gol astyndaky gyrnaklary dogrusynda parz eden hökümle- rimiz mälimdir. Täki size taňlyk bolmazlygy üçin (Biz sizs şu ygtyýarlary berdik). Alla magrypatly we mähribandyr.

51. Siz (aýallaryňyzdan) öz islän aýalyňyzy galdyryp, islän aýalyňyzy özüňize hemhana kylarsyňyz. Öz çetleşen aýallaryňyzdan bir aýaly (özüňize ýene hemhana etmegi - öýde saklamagy) isleseňiz, size hiç hili günä bolmaz. Bu (ýagny, aýallaryňyza edýän mylakatyňyzda size ygtyýary bermegimiz) olaryň gözleriniň guwanmagyna, gamgyn bolmazlyklaryna we siziň olara sowgat eden (beren) zadyňyzdan hemmesiniň razy bolmagyna «kyn (dogry ýoldur). Alla siziň ýüregiňizdäki syrlaryňyzy (hem) biler. Alla biliji we helimdir.

52. (Eý, Muhammet), siz üçin mundan soň aýallar (ýagny, ine, şu aýallaryňyzyň daşyndan ýene öýlenmek hakda oýlanmagyňyz) halal bolmaz we (başga) aýallaryň husny-jemallary sizi hernäçe gyzykdyrsa hem, olary (öz aýallaryňyza) garyşdyrmak hem, (aýallaryňyzy talak edip, olary nikaňyza almak hem siziň üçin halal bolmaz). Meger, siziň eýe bolan gyrnaklaryňyz (halaldyr). Alla barça zadyň üstünden seredip durandyr.

53. Eý, möminler, pygamberiň öýlerine diňe sizi bir tagama çagyr- salar, giriň. (Şonda hem) onuň bişmegine göz tutup (garaşyp) durmaň, belki, çagyrylan wagtyňyzda girip, naharlananyňyzdan soň, gaýdyň we gürrüňe gyzyp (ol ýerde galmaň)! Çünki, bu (işleriňiz) pygambere azar berer, ol bolsa, sizden (ýagny, sizi çykaryp

goýbermekden) çekiner, emma Alla hakykaty (aýtmakdan) çekinmez. Haçan siz (pygamberiň aýallaryndan) bir zat sorasaňyz, perdäniň arkasynda durup soraň! (Ine, şu siziň kalbyňyzy hem, olaryň, kalbyny hem päk saklaýjydyr. Size) Allanyň pygamberine azar bermek we onuň yzyndan (ol düneden öten soň hem) aýallaryna öýlenmek asla dürs däldir. Çünki, bu (işleriňiz) Alla nazarynda uly (günä) bolýan işdir.

54. Eger siz bir närsäni äşgär etseňiz ýa-da ýaşyrsaňyz, (elbetde, Alla biler). Çünki, Alla barça närsäni bilýändir.

55.(Pygamberiň aýallary) öz atalaryna, aga-inilerine aga-inileriniň ogullaryna, aýal doganlarynyň ogullaryna, olaryň (mömine) aýallaryna we gol astyndaky gyrnaklaryna (ýüzi) açyk ýagdaýda görünseler hem günä bolup bilmez. (Eý, pygamber aýallary) Alladan gorkuň! Elbetde, Alla ähli zadyň üstünde güwä bolup durandyr.

56. Elbetde, Alla hem, Onuň perişdeleri hem pygambere dogaýy-salawat aýdarlar. Eý, möminler, siz hem oňa salawat (alkyş) hem salam aýdyn!

57. Elbetde, Allaga we Onuň pygamberine azar beren kimseleri Alla (bu) dünýäde hem, ahyretde hem lagnatlandyr we olara hor ediji azaby taýýarlap goýandyr.

58. Mömin we mömine aýallara bigünä ýerden azar berýän kimseler töhmeti we açyk günäni öz üstlerine alypdyrlar.

59. Eý, pygamber, jübütleriňize, gyzlaryňyza we möminleriň aýallaryna aýdyň, üstlerine bürenjek örtünsinler! Ine, şu - olaryň (gyrnak däl-de, azat aýallardygyny) tanadýan we azar berilmezligini üpjün edýän iň ýakyn (zatdyr). Alla magrypatly we mähribandyr.

60-61. Kasam ki, eger mynapyklar, ýüreklerinde merez bolan kimseler we Medinede myş-myş ýaýradyp ýörenler (bu

etmişlerinden) saklanmasalar, elbetde, Biz sizi olara garşy duruzarys, soňra olar (Medinede) siz bilen bile durup bilmezler, meger, lagnata duçar ýagdaýda az (wagt durup bilerler, bolany. Ol wagtda) olar haýsy ýerde tapylsalar, (möminlsr tarapyndan) tutularlar we öldüriler.

62.(Bu) öň geçen zatlar hakyndaky Allanyň kanuny-ýoludyr. Allanyň ýoluny bolsa, hergiz, özgerdip bilmersiňiz.

63. Adamlar sizden (kyýamat) sagadynyň (haçan boljagy) hakynda soraýarlar. "Ol (sagady) bilmek ýalňyz Allanyň huzuryndadyr" diýip (olara) aýdyň. Nireden bilersiňiz, ähtimal, ol sagat ýakyn gelendir.

64. Elbetde, Alla kapyrlary lagnatlady we olar üçin ody taýýarlady.

65. Olar dost hem, ýardamçy hem tapman, ol jaýda baky galarlar.

66. Ýüzleri alawda aýlandyrylýan (köýdürilýän) Günde olar: "Käşki biz hem Allaga etagat eden bolsadyk, pygambere etagat eden bolsadyk" diýerler.

67-68. Ýene olar: "Ýa, Perwerdigär, hakykatdan hem, biz baştutanlarymyza we ketdelerimize boýun syndyk, bes, şolar bizi (dogry) ýeldan azdyrdylar. Ýa, Perwerdigär, Sen olara azaby iki esse kylgyn we odary ulug lagnat bilen lagnatlagyn" diýdiler.

69. Eý, möminler, siz (öz pygamberiňiz Muhammede hergiz Beni Ysraýyl kowumyndan bolan) Musa azar beren kimseler ýaly bolmaň! Bes, Alla (Musany) olaryň aýdan aýyplaryndan päkledi, ol Alla nazarynda abraýyly kişidi. (Edil şunuň ýaly, Muhammet hem Alla nazaryda abraýly kişidir).

70. Eý, möminler, Alladan gorkuň we dogry sözi sözläň!

71.(Şonda Alla) işiňizi oňlar we günäleriňizi magrypat eder (geçirer). Kim Alla we Onuň pygamberine etagat etse, bes, ol uly bagta ýetipdir.

72. Elbetde, Biz bu amanady (ýagny, yslam şerigatyndaky tagat-ybadatlary) asmanlara we ýere, dagu-daşlara ýükläpdik, olar ony götermekden baş çekdiler we gorkdular. Ynsan bolsa, ony öz boýnuna aldy. Hakykatdan hem, ol (öz-özüne) zulumkär we nadandy (ýagny, bu amanadyň nägadar agyr wezipedigini bütin älem-kaýynat bildi, ony götermäge gurby ýetmejekdigini syzdy, emma, ynsan özi bilmän, öte müşgil wezipäni boýnuna aldy).

73. Alla (ikiýüzli) mynapyklary we mynapyk aýallary, (köphudaýly) muşrikleri we müşrik aýallary azaplamak üçin we möminleriň toba-tagsyrlaryny kabul edip, (günälerini magrypat etmek üçin Adam perzentlerine bu amanady ýükledi). Alla geçirimli we mähribandyr.

34. SABA SÜRESI

Mekgede hasyl edilen bu süre elli dört aýatdan ybarat. Ol asmanlary we Ýeri ýaradan, bu dünýäniň we ahyretiň ýalňyz patyşasy bolan Alla tagala hamdy-sena aýtmak bilen başlanyp, Allanyň Ýeru-asmandaky barça syru-esrardan habardardygy, duýdansyz gelýän kyýamat gününde her bir edip öten zerre ýagşylygyň we ýamanlygyň sylagyny, jezasyny berişi we bu dünýäde adamlary Hak ýolundan azdyryp, batyl ýollara eltýän kimseleriň we olara eýeren kimseleriň o dünýäde sütemli azabyň öňünde günälerini boýunlaryna almazlyklary şu sürede takyklanýar.

Bu sürede Alla tagalanyň eda eden nygmatlaryna şükür edip, Oňa çyn ýürekden bendelik eden Dawut we Süleýman pygamberleriň kyssalary hem ýene zikr edilýär.

Şonuň ýaly, Alla tagalanyň eda eden naz-nygmatlaryna näşükürlik edenleri sebäpli, akybetde olardan mahrum bolan Saba tiresi hakynda söz açylýar we bu süräniň "Saba" diýip atlandyrylmagynyň emmasy şudur.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Barça) hamdy-sena Alla üçindir. Ol şeýle zat bolup, asmanlardaky we Ýerdäki bar zat Onuňkydyr. Ahyretdäki hamdy-sena hem ýalňyz Onuň üçindir. Ol hikmet eýesi we (hemme närseden) habardardyr.

2. Ol topraga girýän (ýagmyr, hazynaýu-define we jesetler kibi) närseleri hem, ondan çykýan (ot-çöp, nebatlar we çeşme-bulaklar kibi) närseleri hem, gökden düşýän (rysku-ruz, haýru-bereket kibi) narseleri hem, oňa (göge) göterilýän (ýagşy amal we doga-dileg kibi) närseleri hem biler. Ol mähriban we magrypatlydyr.

3. Kapyr bolan kimseler: "Bize (kyýamat) sagady gelmez" diýdiler. (Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Ýok! Gaýyby biliji Perwerdigärime

kasam ki şek-şübhesiz, ol (ýagny, kyýamat) size geler. Asmanlar we Ýerdäki bir zerre (tozanjyk), ondan hem kiçi (ýa-da) uly bir närse-de (Alla)dan gizlin bolmaz - Elbetde, röwşen Kitapda (Allanyň ezeli ýazan-Lawhul-Mahfuzda ol) äşgär bolar".

4, Täki (Alla) iman getirenleri we ýagşy amallar edenleri sylaglamak üçin (şek-şübhesiz, kyýamat sagady geler). Ana, şolar üçin magrypat we ulug rysk (jennet) bardyr.

5, Biziň aýatlarymyza (garşy) göreşmek ugrunda ýören kimseler üçin bolsa, agyr jezadan ybarat azap bardyr.

6, (Eý, Muhammet), ylym berlenler size Perwerdigäriňiz tarapyndan hasyl edilen (Gurhanyň) hak (Kitap)dygyny we gudratly, hamdy-sena laýyk (Allanyň) ýoluna hidaýat edýändigiňi (çagyrýandygyňy) bilerler.

7-8. Kapyr bolan kimseler bolsa: "Size (gabryňyzda) tüýdülip, belek-bölek bolan wagtyňyzda, şek-şübhesiz, ýene gaýtadan ýaradylarsyňyz diýip habar berýän bir kişini görkezelimi? Ol Allanyň şanyna ýalan ýöňkäpmi ýa-da däli-tentek bolup galdymy?" diýdiler. Ýok, (Muhammet alaýhy-s-salam ýalan hem ýöňkän däldir, däli-tentek hem däldir, belki), ahyrete ynanmaýan kimseleriň özleri azapda we (hak ýoldan) yrak zelalatdadyrlar.

9. Eýsem, olar öňlerindäki we arkalaryndaky (ýagny, çar taraplaryndaky) närselere - asmanu-zemine bakmadylarmy?! Eger Biz islesek, olary ýer ýuwtduryp goýbereris ýa-da asmany üstlerine parça-parça edip indereris. Elbetde, munda her bir (Allaga) gaýdyjy bende üçin aýat-ybrat bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Her bir ynsap-daýanatly bendäniň mundan sapak alyp, Ýeru-asman dek möwjudaty ýaradai we olary Öz ylahy gudratyna boýun syndyran (Allanyň), elbetde, gabyrlardaky jesetlere hem gaýtadan jan bermäge kadyrdygyny bilmegi gerekdir.

10. Anyk ki, Biz Dawuda (ulug) bir fazly-mertebe eda etdik: "Eý, daglar we guşlar, (Dawut) bilen bile tasbih (alkyş) aýdyň!"- We onuň üçin demiri (hamyr ýaly) ýumşak kyldyk.

11. (We oňa diýdik): "Sowut ýasa we (olary) ýasaňda pugta ýasagyn! (Eý, Dawut hanadany-kowmy) ýagşy amal ediň! Çünki, Men edýän amallaryňyzy görüp durandyryn".

12, Süleýmana ertirine bir aýlyk, agşam bir aýlyk (menzili geçýän) şemaly (boýun syndyrdyk) we onuň üçin mis bulagyny akdyrdyk. Ýene jynlary hem Perwerdigäriniň idin-eradasy bilen onuň gol astynda işleýän kimseleri (boýun syndyryp, gullukda goýandyrys). Olardan kim Biziň emrimizden boýun towlasa, Biz oňa ot-alaw azabyndan dadyrarys.

13. Olar (Süleýmana misden) onuň islän zatlaryny - ybadathanalary, heýkelleri, howuzlar kibi (uly) legenleri we ojaklara ornaşan (berk) gazanlary edip (zikgeläp, ýasap) bererler. "(Eý) Dawut nesli, (Allanyň size bersn bu nygmatlarynyň) şükranasy üçin amal-ybadat ediň! Bendelerimiň arasynda şükür edýänler (juda) azdyr".

14. Indi haçanda Biz (Süleýmana) ölümi höküm edenimizde, onuň ölenligini diňe (Süleýmanyň) hasasyny iýýän (agaç) gemiriji gurçuk aýan kyldy. Bes, haçanda ol ýykylandan soň, jynlara anyk boldy ki, eger olar gaýyby bilýän bolsalar, bu hor kylyjy azapda-mähnetde galmazdylar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda ata-ogul - Dawut we Süleýman pygambere Alla tagalanyň beren nygmatlary sanalýar. Hakykatdan hem, Alla tagala Dawut alaýhy-s-salama şeýle bir hoş owaz beren ekeni, ol Zebury okanda, asmanda uçup ýören guşlar hem, dag-daşlar hem oňa goşulyp, owaz eder eken.

Şol zamanda demirçilik hünäri şeýle bir rowaç alyp, demirçiler özleriniň esbap-enjamlarynyň, kömegi bilen islän zatlaryny ýasar ekenler. Asly käri sowutçylyk bolan Dawut pygamber bolsa, şeýle

fazylata eýe ekenler ki, eli degen demirler hamyr ýaly ýumşap, esbap-enjamsyz demire isläп şekilini berip biler eken. Bu gudratyň güwäsi bolanlar Dawudyň hak pygamberdigine iman getirerdiler.

Süleýman alaýhy-s-salama bolsa, Alla tagala ynsyň-jynsyň patyşalygyny beripdir. Uçar şemallar hem onuň erk-ygtyýarynda bolup, isläп ýerine bir salymda elterdi. Süleýman pygambere berlen mugjyzalaryň ýene biri mis çeşmesi bolup, rowaýat etmeklerine görä, ondan suw ornuna buz ýaly mis akyp ýatar eken. Pygamberiň ygtyýaryndaky jynlar şol misden onuň isläп zatlaryny ýasap berer ekenler. Işbu soňky aýat käbir kişileriň jynlar gaýyby, ýagny, gelejekde boljak wakalary, hadysalary bilýär diýen gümanlaryny ret edýär. Çünki, olar jan teslim eden Süleýman alaýhy-s-salamyň söýenip oturan hasasyny bir ýylyň dowamynda agaç gurçugynyň iýip, ýere ýykylyp düşinçä, onuň wepat edendigini bilmän, pygamberiň olara buýran agyr zähmetinde dynman, belent minara gurmaklaryny dowam edipdirler. Işbu aýatlarda Alla tagalanyň bagyş eden fazly-merhemetine şükür edip öten salyh pygamberler hakynda hekaýa edilen bolsa, aşakdaky aýatlarda Allanyň beren nygmatlaryna näşükürlik eden we iň soňunda olardan mahrum edilip, bagtsyzlyga duçar bolan kowum dogrusynda söz açylýar.

15. Anyk ki, Saba (tiresi) üçin öz mesgenlerinde (Allanyň fazly-merhemetine delalat kylan) bir alamat bardy - sag tarapyndan hem, sol tarapyndan bag bolup, (Biz olara): "Perwerdigäriňiziň (beren) rysk-ruzundan hoşal boluň we Oňa şükür ediň! (Şäheriňiz) päkize şäherdir, (Perwerdigäriňiz) magrypat ediji Perwerdigärdir" (diýipdik).

16. Bes, olar (Bize şükür etmekden) ýüz dönderensoňlar, Biz olaryň üstüne böwet (bilen saklap goýlan) sili (açyp) goýberdik we olaryň (getirip oturan) baglaryny ajy-zäher miweli, ýylgynlyga we ýek-tuk (miweli) baga çalşyp goýduk.

17. Kapyr bolandyklary sebäpli, olary ine, şu (jeza bilen) jezalandyrdyk. Biz diňe kapyr bolan kimselere (ine, şeýdip) jeza bereris.

18. Biz olar (Saba tiresi) bilen Özümiziň bereketli eden (Şamdaky) oba-şäherlerimiziň arasynda (göze) görnüp duran (ýagny, olary bir-birine baglanyşdyrýan ýakyn) obalary ýaradyp we olaryň arasynda ýöremek (aralygyny) hem ölçäp-belgiläp, (olara); "Bu (obalarda) gije-gündiz rahat ýaşaberiň" (diýipdik).

19. Olar bolsa, (bu nygmatlara näşükürlik edip): "Ýa, Perwerdigär, sapar etjek (araly- gymyzy) yrak etgin" diýişip, özlerine zulum etdiler, bes, olary (adamlaryň dillerinde) kiçijik hekaýata öwürdik we topar-topar edip,(her tarapa) dargadyp goýberdik. Elbetde, munda her bir (belalara) sabyr-kanagat edýän, (nygmatlara) şükür edýän (ynsan) üçin aýat-ybratlar bardyr.

20. Hakykatdan hem, Iblis olaryň üstündäki ("Men olary ýoldan azdyryp bilerin" diýen) gümanyny ýüze çykardy, bes, (Saba tiresi Şeýtana-Iblise) tirkeşdiler, diňe bir topar möminler (oňa boýun synmadylar).

21. (Iblisiň) olaryň üstündäki hökmürowanlygy - diňe Biziň ahyrete iman getirýänleri ondan (ýagny, ahyretden) şek-şübhede duran kimselerden aýyrmagymyz üçin (gerek) bolandyr (ýagny, ahyret hakynda şübhe edýän kimseler Iblisiň was-wasyna uçrap, oňa tirkeşerler we Allanyň nygmatlaryna näşükürlik ederler. Ahyrete iman getirenlere bolsa, onuň was-wasy kär etmez). Perwerdigäriňiz ähli zadyň üstünden gözegçilik edip durandyr.

22. (Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň: "Siz Alladan özge (ylahlar) diýip hasap eden butlaryňyza doga-dileg ediberiň, hany (olar size kömek edip bilermikä)?! Olaryň asmanda-da, Ýerde-de zerreçe agramy ýokdur we olar üçin (asmanlar we Ýerde Allaga) şäriklik

hem ýokdur hem-de olaryň birem Allaga ýardam edip bilmezler.

23. (Alla) huzurynda diňe Öz idin beren kişilerine şepagat-aklaw, peýda berer (ýagny, diňe şolar şepagata ýeterler ýa-da özleri şepagat edip bilerler). Tä haçan (Perwerdigär olar üçin şepagata idin bermek bilen) ýüreklerinden gorky aýrylyp, olar (bir-birlerine): "Perwerdigärimiz näme diýdi (ýagny, şepagata hakykatdanam idin berdimi)?" diýip (sowal berişip), "Haky (aýtdy, ýagny, hakykatdanam şepagada idin berdi). Ol belent we beýikdir" diýişip (jogap bererler).

24. (Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň (soraň): "Kim size asmanlardan we Ýerden rysky-ruz berer?" Aýdyň: "Alla (rysk berer). Şek-şübhesiz, ýa biz, ýa siz (ýagny, iki taýpadan biri) anyk dogry ýoldadyr ýa-da açyk zelalatdadyr".

25. Aýdyň: "Siz biziň eden günämize jogapkär dälsiňiz we siziň eden işiňiz hakynda bizdenem soramazlar".

26. Aýdyň: "Perwerdigärimiz (kyýamat gününde) ählimizi jemläp, aramyzda adalat bilen höküm eder. Onuň Özi (adalat bilen) höküm çykaryjy we (kimiň hak, kimiň nähakdygyny) bilijidir".

27. Aýdyň: "(Eý, müşrikler), siz maňa (öz ýanyňyzdan Allaga) goşan butlaryňyzyň (hakykatdan hem Oňa) şäriklerdigini görkeziň-dä? Ýok, (bu gümanlaryňyz hatadyr). Belki, (ýalňyz) Allanyň Özi gudrat we hikmet eýesidir".

28.(Eý, Muhammet) biz sizi, şek-şübhesiz, hemme adamlara: (möminlere jennet hakynda) hoşhabar eltiji, (kapyrlary bolsa, dowzah azabyndan) habardar ediji (gorkuzyjy) ýagdaýda, pygamber edip iberendiris. Ýöne köp adamlar (muny) bilmeýärler.

29. Olar: "Eger rastgöý bolsaňyz, (hany aýdyň), ine, şu wada (edilen kyýamat) haçan bolar?" diýerler.

30. Aýdyň: "Siz üçin şeýle bir Günüň wadasy bar bolup, siz ony bir sagat yza hem, öňe hem süýşürip bilmersiňiz".

31. Kapyr bolan kimseler: "Biz bu Gurhana hem, ondan öňki (kitaplara) hem hergiz iman getirmeýäris" diýdiler. (Eý, Muhammet), eger siz şol zalym kimseleriň (kyýamat gününde) Perwerdigäriň huzurynda durzulyp, bir-birlerine gep gaýtarýandyklaryny görsediňiz. (Şonda) biçäre saýylan (ýagny, olaryň yzyna eýeren) kimseleriň tekepbir kimselere (ýagny, öz peşwalaryna-ýolbaşçylaryna): "Eger siz bolmadyk bolsaňyz, biz hökman mömin bolardyk" diýseler;

32. Tekepbir kimseler biçäre saýylan kimselere: "Size hidaýat gelenden soň, sizi (ondan) biz sakladykmy? Ýok, özüňiz jenaýatkär bolduňyz" diýerler.

33. Biçäre saýylan kimseler bolsa, tekepbir kimselere: "Ýok, siziň gije-gündiz eden mekir-hile(leriňiz bizi mömin bolmakdan saklady), Şonda siz (öz mekir-hileleriňiz bilen) Allaga kapyr bolmaga we Oňa (özgeleri) deň-şärik etmäge mejbur edýärdiňiz" diýýärler. Azaby (öz gözleri bilen) gören wagtlarynda, olar (ýolbaşlaýjylar hem, tirkeşenler hem) içlerinden nedamat (ah) çekdiler we Biz kapyr bolan kimseleriň boýnuna zynjyr saldyk. Olara diňe özleriniň (pany dünýäde) edip öten etmişleriniň jezasy berler.

34. Biz haýsy bir oba-şähere duýduryjy (pygamber) ibermändik, ýogsam, ol ýeriň baý bolanlary: "Anyk ki, biz siziň ilçi edip iberilen diniňize kapyrdyrys" diýerdiler.

35. Ýene olar: "Biziň mal-dünýälerimiz, bala-çagalarymyz (iman getirenleriň- kiden) köpräk (üstesine-de biz Alla nazarynda olardan abraýlyrakdyrys we) biz azaplanyjy däldiris" diýdiler.

36.(Eý, Muhammet olara) aýdyň: "Elbetde, Perwerdigärim Özi halan kişileriniň ryskyny giň eder we (Öz halan kişileriniň ryskyny) teň eder. Emma köp adamlar (muny) bilmezler.

37. Ne maly-dünýäleriňiz, ne bala-çagalaryňyz sizi Biziň dergahymyza ýakyn ediji däldir. Diňe iman getiren we ýagşy amallar kylanlar - ana, şolar üçin kylan amallary sebäpli, köp esse sylag bolar we olar (jennetdäki) belent menzillerde dynç-aman bolarlar.

38. Biziň aýatlarymyza (garşy) göreş hereketinde ýören kimseler - olar azaba duçar bolarlar.

39. Aýdyň: "Elbetde, Perwerdigärim bendelerinden Özi halan kişileriniň ryskyny giň eder we (Özi halan kişileriniň ryskyny) teň eder. Haýsy bir närsäni haýyr-yhsan etseňiz, bes, (Alla) onuň ýerini doldurar. Ol rysk bsrýänleriň (iň) ýagşysydyr.

40.(Ýatlaň, Alla) olaryň (ýagny, müşrikleriň) barçasyny toplap, soňra perişdelere: "Ana, şol (müşrikler) size ybadat edipmidiler? (siz olary şoňa buýrupmydyňyz?!) diýýän Günde;

41.(Perişdeler): "Päk Perwerdigär, sen Özüň biziň dostumyz (emma) olar däl. Ýok, olar jynlara ybadat edýärdiler. Olaryň köpüsi (jynlara) iman getirdiler" diýerler.

42. Indi bu Günde biriňiz biriňize ne peýda. ne zyýan ýetirmäge kadyr bolmaz (siz) we Biz zalym bolan kimselere: "Özüňiziň ýalan diýen dowzahyňyzyň azabyny dadyp görüň" diýeris.

43. Haçan olara Biziň anyk-röwşen bolan aýatlarymyz tilewat edilse, olar: "Bu (Muhammet alaýhy-s-salam) diňe sizi ata-babalaryňyzyň ybadat kylyp öten butlaryndan tesdirmekçi bolan kimsedir" diýerler we "Bu (igny, Gurhan) diňe toslanan bir ýalandyr" diýerler. Kapyr bolan kimseler olara Hakykat - Gurhan gelen wagtynda, ol hakda "Bu diňe açyk sähr-jadydyr" diýdiler.

44. Çünki (owal) Biz olara okap öwrenilýän kitaplar bermändik we olara sizden owal habardar ediji bir (pygamber) hem ibermändik.

45. Olardan owal (öten) kimseler hem (öz pygamberlerini) ýalançy hasap edipdiler. Çünki, (Mekge müşrikleri) Biziň olara (owalky muşriklere) eda eden nygmatlarymyzyň ondan birine hem ýetenoklar. Bes, şolar Meniň pygamberimi ýalançy hasap edenlerinde, Meniň inkärim nähili bolupdy?!

46. (Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň: "Men size diňe bir närsäni-Alla üçin (ha) jübüt-jübüt, (ha) täk-täk ýagdaýyňyzda durup, soňra (meniň pygamberligim we Gurhan hakynda) pikir etmegiňizi haýyş edermen. Sahybyňyzda (ýagny, pygamberde) hiç hili jynlylyk ýokdur. Ol diňe ýowuz azabyň öňünden size (iberilen) bir duýduryjy(dyr), bolany".

47. Aýdyň: "Men sizden sylag-sogap soramok, ol siziň özüňiziňki. Meniň sylagym Allanyň borjundadyr. Ol ähli zadyň üstünde güwädir!"

48. Aýdyň: "Elbetde, Perwerdigärim Hak-Gurhany (batyl-jahalat üstüne) atar. Ol gaýyplary anyk bilýändir".

49. Aýdyň: "Hak-Gurhan geldi (we batyl dinsizlik ýok boldy. Indi) batyl (şol dinsizlik täze dinsizligi) başlap hem bilmez, (köne dinsizligi) gaýtaryp hem bilmez".

50. Aýdyň: "Eger men (Hak ýolundan) azsam, bes, diňe öz zyýanyma azar men we eger (Hakyň ýoluna) hidaýat tapsam, onda diňe Perwerdigärimiň maňa wahyý edýän (owaz bilen inderýän Gurhany) sebäpli (hidaýat, taparmen). Şek-şübhesiz, Ol (Alla) eşidijidir, ýakyndyr.

51.(Eý, Muhammet) eger siz (müşrik-kapyrlaryň) elhençlige duşup, gaçmaga ýer tapman galan we ýakyn - bir mekandan (dowzaha

taşlamak üçin olary) tutup gidilen wagtlarynda görsediňiz!

52.(Şol Günde) olar: "(Muhammet alaýhy-s-salama) iman getirdik" diýdiler. (Olar eger pany dünýäde iman getiren bolsalar, bu tobalary kabul edilerdi, emma indi) yrak bir mekandan (ahyret diýaryndan iman we toba-tagsyra) elleri nädip ýetsin?!

53. Çünki, olar owal (pany dünýäde) oňa (yslama) kapyr bolupdylar. Çünki, olar yrak bir mekandan gaýyba (ahyrete daş) atardylar!

54.(Ine, indi) edil olardan ozal öten meslekdeşlerine edilşi ýaly, olar bilen özleri isleýän närsäniň (ýagny, iman getirip, dowzah azabyndan gutulmagyň) arasyna çäk goýuldy. Sebäbi, olar (pany dünýäde hem) şek-şübhe astyndadylar.

35. FATIR SÜRESI

Işbu süre hem Mekgede hasyl edilip, kyrk bäş aýatdan ybaratdyr.

Süre Alla tagala hamdy-sena aýtmak bilen başlanyp. Onuň asmanlary we Ýeri bar edendigi hem-de ynsanlary hak ýola getirmek üçin Özi bilen olaryň arasynda perişdeleri ilçi edip goýandygy hakynda habar berilýär.

Bu sürede şu haýýaty-dünýäden soň, ahyretiň gelýändigi, asmanu-zeminde adamlaryň göz öňünde geçýän waka-hadysalaryň hem anyk delalat.edip durşy we şonuň, bilen bilelikde, gökdäki her bir mahlukatyň örän anyk we öte näzik tertibiniň ýokary derejede gudrat we hikmet eýesi bolan ýalňyz Ýaradanyň bardygyna kepil bolup bilýändigi düşündirilýär.

Süre müşrikleriň jansyz butlara sygynmaklaryny kesgin garalamak bilen soňlanýar. Bu süre Alla tagalanyň gözel ismlerinden biri bolan ("Fatir - Ilki Ýaradyjy" ady bilen atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Hamdy - sena asmanlary we Ýori Ilki Ýaradyjy bolan hem-de (Özi bilen bendeleriniň arasynda) perişdeleri iki, üç, dört ganatly ilçiler eden Alla üçindir. Ol (ýaradan) mahlukatynda Özi islän närsäni zyýada eder. Elbetde, Alla ähli närsä kadyrdyr.

2. Alla adamlar üçin haýsy bir rehmeti - merhemeti ýaýyp goýsa, bes, ony tutup galjak bolmaz we (Ol) nämäni tutsa, bes, Ol (tutup galan)dan soň, ol (närsäni bendelere) iberjek ýokdur. Ol (Alla) gudrat we hikmet eýesidir.

3. Eý, ynsanlar, Size Allanyň (bagyş eden san-sajaksyz) nygmatyny ýatlaň! Size asmanu-zeminden rysky-ruz berýän Alladan özge (heý) bir ýaradyjy barmy?! Hiç bir ylah ýok, meger diňe Onuň Özi bardyr.

Bes, nirä öwrülip gidip barýarsyňyz?!

4.(Eý, Muhammet), eger (müşrikler) sizi ýalançy hasap etseler, bes, cizden owalky pygamberler hem ýalançy hasap edilendir. (Barça) işler Alla gaýtarylar.

5. Eý, ynsanlar, elbetde, Allanyň (gaýtadan diriliş we dünýäde edip geçilen ýagşy-ýaman amallaryň sylagyny-jezasyny bermek dogrusyndaky) wadasy hak (wadadyr). Bes, hergiz sizi pany dünýä aldamasyn! We hergiz sizi Alla hakynda (ol hemme günäleri geçirip goýberer diýip) aldaýan (şeýtan) aldamasyn!

6. Anyk ki, şeýtan size duşmandyr, bes, (siz hem) ony duşman hasaplaň! Şek-şübhesiz, ol taýpasynyň, (pyrkasynyň, ýagny, özüne tirkeşen kimseleriň) dowzah eýeleri bolmagy üçin çalyşar.

7. Kapyr bolan kimseler üçin gaty azap bardyr. Iman getiren we ýagşy amallar edenler üçin bolsa, magrypat we uly sylag bardyr,

8. Eýsem, (eden) ýaman amaly özüne gowy görnüp, ony gözel (amal) diýip oýlan kimse (Allanyň dogry ýola salany bilen deň bolarmy?!) Aslynda, Alla Özi islän kişilerini (dogry ýola) hidaýat edýär. Bes, (Eý, Muhammet) olaryň (iman getirmändikleri) üçin janyňyz hesret-nedamatlar çekip ýörmesin! Çünki Alla olaryň edýän hünärlerini bilýändir.

9. Allanyň Özi şemal iberdi. Bes, ol bulutlary ugradandan soň, Biz ony şähere sürüp, onuň ýardamy bilen öli topragy diriltdik. (Kyýamat kaýym bolan güni) gaýtadan dirilmek hem edil şunuň özüdir (ýalydyr).

10. Kim güýç-gudraty isleýän bolsa, bes, hemme güýç-gudrat Allanyňkydyr. (Her bir) hoş söz Oňa göteriler we ýagşy amaly hem (Alla Öz dergahyna) getirer. Ýaman mekir-hileler edýän kimseler üçin bolsa, gaty azap bardyr we olaryň mekirleri hem heläk bolar

(ýagny, hiç zatdyr).

11. Alla sizi (owal) toprakdan, soňra nuftadan ýaradyp, soň sizi jübüt-jübüt (erkek-aýal) edip goýdy. Her bir aýalyň hamyla bolmagy hem, gözi aýdyň bolmagy (dogurmagy) hem, şek-şübhesiz, Onuň (Allanyň) bilmegi-habardarlygy bilen bolýar. Her bir ömür göreniň ömri uzak edilmez we ömründen kemeldilmez, meger, (bularyň hemmesi) Kitapda (ýagny, Lawhul-Mahfuzda ýazylgy bolar). Elbetde, bu Alla (üçin) aňsatdyr,

12. Derýa-deňiz(ler) deň bolmaz - birisi süýji we içmek aňsat, başgasy bolsa şor - talhdyr. Siz (olaryň) her birinden täze et (ýagny, balyk tutup) iýersiňiz we dakynylýan zer-zynat çykaryp alarsyňyz. We siz(Allanyň) fazly- merhemetinden (ýagny, rysky-ruzundan) isleme- giňiz üçin (deňiz we derýalarda suwy) ýaryp gidýän (ýüzýän) gämileri görersiňiz, Eger şükür etseňiz!

13.*(Alla) gijäni gündize girizer we gündizi gijä girizer. Ol Güni we Aýy hem (siziň peýdaňyz üçin) boýun syndyryp goýandyr - her biri mälim mütdete çenli (ýagny, kyýamat gününe çenli öz okunda) hereket eder. Ana, şu Alla - siziň Perwerdigäriňizdir ki, (barça älemlere) patyşalyk. ýalňyz Onuňkydyr. (Eý, müşrikler), siziň Ony goýup, dileg edýän butlaryňyz bolsa, jinnek ýaly närsä-de eýe däldir.*

14. Eger siz olary çagyrsaňyz, dogalaryňyzy eşitmezler. Eger eşitseler-da, jogap berip bilmezler we kyýamat gününde olary (Al-la)şärik edeniňizi inkär ederler. (Eý, Muhammet ahyret dünýä hakynda hiç kim) size Habardar (ýagny, Alla) kibi habar berip bilmez.

15. Eý, ynsanlar, siz Alla mätäçsiňiz. Diňe Allanyň Özi (barça älemlerden) bihajat we (barça) hamdy-sena (öwgi-alkyşa) laýykdyr.

16. Eger Ol islese, sizi (Ýer ýüzünden) gidirip, (deregiňize) täze bir halky getirer.

17. We bu (iş) Alla (tagala) kyn däldir.

18. (Kyýamat gününde) hiç bir göteriji (ýagny, günäkär jan) özge janyň ýüküni (ýagny, günäsini) götermez. Eger agyr (günä eýesi bolan jan birewi) öz ýüküne - günäsine (ýagny, günäsiniň bir bölegini götermäge) çagyrsa, (eger çagyrylýan onuň) ýakyn garyndaşy bolsa-da, ol (günäden) bir närse-de göterilmez (ýagny, her kim öz amaly bilen meşgul bolup, ata ogula, aga inä garamaga imkan - oňaý tapmaz. Eý Muhammet), siz gaýypdaky (gözlerine görünmeýän) Perwerdigärden gorkýan we namazy doly berjaý edýänlere diňe duýduryp bilersiňiz. Kim päk bolsa, ol diňe öz (peýdasy) üçin päk bolar. Ýalňyz Alla gaýdylar.

19-20-21. Kör (kapyr) adam bilen - görýän (mömin) adam, zulmatlar (küfr) bilen - nur (iman) saýa (jennet) bilen'- jyzrama (dowzah) deň däldir.

22. Diriler (möminler) bilen - ölüler (kapyrlar) hem deň däldir. Elbetde, Alla Özi islän kişilerine (hak ýoly) eşitdirer. (Eý, Muhammet), siz gabyrdaky kimselere (ölen kapyrlara muny) eşitdirip bilmersiňiz.

23. Siz diňe duýduryjysyňyz.

24. Elbetde, Biz sizi hak (din) bilen (möminlere) hoşhabar eltiji we (kapyrlara) duýduryjy edip iberdik. (Siziň ymmatyňyzdan owalky) her bir ymmat içinde hem, elbetde, bir duýduryjy - pygamber ötendir.

25. Eger (müşrikler) sizi ýalançy hasap etseler, bes, (biliň ki) olardan owalky kimseler hem (özlerine gelen pygamberleri) ýalançy hasap edipdiler. Ol pygamberler olara anyk-röwşen mugjyzalar, (ylahy) sahypalar we (Töwrat, Injil kibi) nurly Kitap getirip -diler.

26. Soňra kapyr bolan kimseleri (küfrleri sebäpli) tutdum. Gör, Meniň inkärim - gazabym nähili boldy?!

27. Allanyň (biziň) asmandan suw (ýagmyr-gar) ýagdyryp, onuň ýardamy bilen reňňi-roýlary dürli-dümen bolan miweleri çykaranymyzy görmediňizmi? Ýene daglarda hem akly-gyzylly reňbe-reň ýol(ly daglar) hem, gap-gara (daglar) hem bardyr.

28. Şonuň dek, adamlaryň, janawerleryň we çarwa haýwanlarynyň arasynda hem reňbe-reňleri bardyr. Bendeleriniň arasyndaky bilimli alymlary Alladan gorkar. Şek-şübhesiz, Alla gudratly, magrypatlydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu iki aýatda älemdäki barça möwjudatyň Ýaradyjysynyň ýalňyz Alla tagaladygy takyklanýar. Hakykatdan hem, ylym-magrypat eýesi bolan her bir ynsan asmanlardan ýagýan her bir reňkli suw sebäpli, gara ýerden ösüp çykýan reňňi-roýy dürli-dümen nebadat älemine üçtündäki görnüş hem, astyndaky gizlenen hazynalaryň hem reňbe-reň dagu-daşlara - jemadat älemine we zemininň asty-üstünde ýaýrap, özlerine ýüklenen wezipeleri boýun towlaman berjaý edip ýören haýwanat älemininň reňbe-reňligine we netijede, ine, şu hemme möwjudatdan - peýdalanyp, olary eýgermegi öz üstüne alan ynsanlaryň reňňi-roýlarynyň gylyk-häsiýetleriniň hem, däp-dessurlarynyň hem kän ýagşylykdygyna oý-pikir we ybrat nazary bilen baksa, Ýaradanyň gudratyna we hünärmentligine alkyş aýtman bilmez. Şonuň üçin hem aýatda Alladan diňe hakyky ylym-bilim eýeleriniň gorkýandygy aýdylyp geçildi.

29-30. Elbetde, Allanyň Kitabyny tilewat edýän (okaýan we düşündirýän) namazy doly berjaý edýän we Biziň olara rysk edip beren zatlarymyzdan gizlin we äşgäre haýyr-yhsan edýänler hergiz kasad bolmaýan (ýitmeýän) almak-satmakda - söwdada (bu ýolda Allanyň merhemetinden) umydygärdirler. Çünki, (Alla) olaryň sylaglaryny kämil edip berer we Öz fazly-kereminden olara ýene zyýada (sylaglar) hem berer. Elbetde, Ol (Alla) magrypatly we öte şükür edijidir (ýagny, azajyk ýagşy amal üçinem köp sylag bagyş

edijidir).

31.(Eý, Muhammet), Biziň size wahyý kylan Kitabymyz - Gurhan özünden owalky (ylyhaý kitaplary) tassyklaýan Hak (Kitapdyr). Elbetde, Alla Öz bendelerinden ägädir we (olaryň barça işlerini) görüp durýandyr.

32. Soňra Biz bu Kitaba bendelerimizden öz saýlanlarymyzy (ýagny, siziň ymmatyňyzy) warys (eýe) etdik. Bes, olaryň arasynda (Gurhany okasa-da, oňa amal etmeýän) öz janyna jebir edýän hem bar, olaryň arasynda ortaça amal edýänler hem bar we olaryň arasynda Allanyň idin-eradasy bilen mydama ýagşylyk (etmäge) howlugýanlar hem bardyr. Ana, şol (ýagny, Gurhana eýe bolmak Allanyň) uly merhemetidir.

33. Olar altyndan bilezikli we merwerit-merjenler bilen bezenip ebedi (durýan) jennetlere girerler. Ol ýerde olaryň lybaslary ýumşak ýüpek bolar.

34. We olar (jennete giren çagy) diýdiler: "Bizden gaýgy-gamy aýrana - Allaga hamdy-sena bolsun. Hakykatdan hem, Perwedigärimiz magrypatly we öte şükür edijidir.

35. Ol Öz fazly-merhemeti bilen bizi baky diýara düşürdi ki, bu ýerde bize ne muşakgat ýeter we ne çyrçyk ýeter".

36. Kapyr bolan kimseler üçin bolsa, jähennem ody bardyr ki, ne olara (ikilenç ölmek) höküm ediler we ne olara jähennem azaby ýeňlediler. Biz her bir kapyry şeýle jezalan- dyrýarys.

37. Olar o taýda: "Ýa, Perwerdigär, bizi (bu azapdan) çykargyn, biz edip öten amalla -rymyzdan başga ýagşy (amallary) edeli" diýip, dady-perýat ederler. Eýsem, biz size aňlajak adam aňlap (ýetişer ýaly) uzyn ömür bermedikmi?! Size duýduryjy (pygamber) hem gelipdi (ahyry)! Bes, indi (azaplaryňyzy) dadyberiň! Indi zalym

kimseler üçin bir ýardamçy hem bolmaz!

38. Elbetde, Alla asmanlar we Ýeriň, gaýybyny (syr-esraryny bilýändir).

39. Ol sizi Ýer ýüzünde halypa edendir. Bes, kim kapyr bolsa onuň küfri diňe öz zyýanyna bolar. Kapyr bolan kimseleriň küfrleri Perwerdigäriň gazabyny artdyrar. Kapyr bolan kimseleriň küfrleri diňe zyýanlaryny zyýada eder.

40.*(Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň: "Habar beriň ki, siziň Allany goýup, dileg edýän butlaryňyz (nämäniň şerapaty bilen dileg-ybadat edilmäge sezewar boldular?!) Siz maňa görkeziň, hany, olar Ýerdäki islendik bir närsäni ýaradypmydyrlar ýa-da olaryň asmanlary (ýaratmakda Alla) şärikligi barmy, ýa Biz olara bir kitap bagyş etdikmi ki, olar şol (kitapdan özleriniň Bize şärikligi hakynda) bir hüjjet üstünde bolsalar (hüjjet - kepile eýe bolsalar)?!" Ýok, ol zalym kimseler bir-birlerine ("Butlarymyz bize şepagat ederler" diýip) diňe aldawy wada ederler.*

41. Elbetde, Alla asmanlary we Ýeri ýykylmakdan saklap durar. Eger olar ýykylsalar, olary Ondan (ýagny, Alladan özge) hiç kimse saklap bilmez. Hakykatdan hem, Ol helim we magrypatlydyr.

42.*(Mekge kapyrlary) eger olara bir duýduryjy (pygamber) gelse, elbetde, başga ymmatlardan hem beter hidaýat tapyjy boljakdyklary hakynda jan-dilleri bilen kasam içipdiler. Bes, haçanda olara duýduryjy (Muhammet alaýhy-s-salam) gelende (bu) olary ýene-de (tersine, hidaýatdan) uzaklaşdyrdy, bolany.*

43. Olar Ýerde tekepbirlik edip we (pygambere garşy) ýaman mekir-hile edip (dogry ýoldan uzaklaşdylar). Ýaman mekir-hile bolsa, diňe öz eýelerini gurşap, heläk eder. Bes, olar diňe owalkylaryň sünnetlerine (görgülerine) göz aýlamadylar, bolany (ýagny, olaryň hem başyna owalky dinsizleriň güni geler). Bes, siz

hergiz Allanyň sünneti-kanunynyň özgermesini görmersiňiz we hergiz Allanyň sünnetiniň dolananyny (ýagny, azaba degişli bolan kimseleriň galyp, özgeleriň, azaplananyny) görmersiňiz.

44. Eýsem, olar Ýer ýüzünde seýr edip, özlerinden owalky (dinsiz) kimseleriň akybetiniň nähili bolandygyny görmeýärlermi?! Elbetde, (owalkylar) bulara görä güýç-kuwwat- lyrakdylar. Ne asmanlardaky, ne Ýerdäki bir närse hem Alladan gaçyp gutulmaz. Çünki, Ol bilim we gudrat eýesidir.

45. Eger Alla adamlary olaryň eden bar günäleri bilen jezalandyrsady, (onda Ýer) üstünde birem jandary galdyrmazdy. Ýöne Ol olary (jezalandyrmagy) bellenen mütdete (ýagny, kyýamat gününe) çenli galdyrar. Bes, haçan şol mütdet gelenden soň, (olaryň her birine edip öten ýagşy-ýaman amallarynyň sylagny - jezasyny berer). Elbetde, Alla Öz bendelerini görüp durandyr.

36. ÝASIN SÜRESI

Segsen üç aýatdan jemlenen bu süre hem Mekgede hasyl bolýar. Ol Muhammet alaýhy-s-salamyň hak pygamberdigini tassyklamak bilen başlanyp, ony ýalançy hasap eden Kureýş kapyrlary we olaryň tapjak akybetleri hakynda habar berýär.

Bu sürede Alla tagalanyň Antokiýa şäherine iberen ilçileri we şäher halkynyň olary ýalançy hasap edendikleri üçin heläkçilige duçar bolandyklary dogrusynda hem-de şol ýerdäki iman getirendiginiň, şera-patyndan Allanyň, merhemetine sezewar bolan Habyp an Neçjar atly bir salyh bende hakynda hekaýa edilýär.

Ýene bu sürede gije we gündiziň, çalşyp durşuna Aý we Gün ýaly uly saýýaralaryň dynuwsyz öz oklarynda öte dogry intizam - tertip bilsn aýlanyp duruşlaryna Ýaradanyň gudratynyň delalat edýän taraplaryna okyjynyň ünsi çekilýär.

Bu sürede imanly takwalar üçin taýýarlanyp goýlan jennet manzaralary - menzilleri örän janly şekiller bilen ýazyp görkezilýär we kapyrlaryň güň bolup, ellerиniň zybana gelýän, aýaklarynyň güwälik berýän kyýamat günündäki ýagdaýlary bütin elhençligi bilen beýan edilýär.

Süre özüniň ilki aýaty "Ýa, Sin" ady bilen atlandyrylandyr. Onun Gurhany Kerimde tutýan orny - mertebesi hakynda pygamber alaýhy-s-salamdan şeýle hadysy-Şerip rowaýat edilýär. Ol: "Elbetde, her bir närsäniň kalby bardyr. Gurhanyň kalby Ýasindir. Men bu süräniň ymmatymyň her biriniň kalbynda bolmagyny islärdim" diýen eken.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ýa, Sin.

2-3-4. *(Eý, Muhammet, işbu) hikmetli Gurhana kasam ki, hiç şek-şübhesiz, siz Dogry ýol (ýagny, hak din) üstündäki*

pygambersiňiz.

5-6. (Bu Gurhan) ata-babalaryna (bir pygamber arkaly hem ahyret azaby) duýdurylmadyk gapyl bolup galan kowuma duýdurmagyňyz üçin Gudratly we Mähribanyň, tarapyndan hasyl edilendir.

7. Anyk ki, olaryň köpüsine Söz (ýagny, azap hakyndaky höküm) hak mikarrar (anyk) bolandyr, olar, bolsa, iman getirmeýärler (ynanmaýarlar).

8. Hakykatdan hem, Biz olaryň boýunlaryna, tä alkymlaryna çenli (etýän) zynjyrlary orap goýduk, bes, olar gymyldap bilmän galdylar (ýagny, olar sejde edip, Haka egilmezler).

9. We Biz olaryň öňlerinden bir perde, artlaryndan bir perde çekip, olary gurşap goýduk. Bes, olar (Haky) görüp bilmezler.

10.(Eý, Muhammet), siz olary habardar etdiňizmi ýa-da habardar etmediňizmi, olara bary birdir, iman getirmezler.

11. Siz diňe ýatlatmak - Gurhana eýeren we gaýypda (ýagny, görmän) durup, Rahmandan gorkan kişileri habardar edersiňiz. Bes, şol (kişilere) magrypat we ulug sylag (jennet) hoşhabaryny beriň!

12. Elbetde, Biziň Özümiz ölüleri dirilderis we olaryň eden amallaryny hem-de galdyran yzlaryny ýazyp goýarys. Barça närsäni Biz açyk Kitapda (ýagny, Lawhul-Mahfuzda) belgiläp goýandyrys.

13.(Eý, Muhammet), siz olara (Antokiýa) obasynyň ilini - o taýa ilçileriň gelen (iberilen) wagtyny mysal (edip) getiriň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu we aşakdaky aýatlarda gürrüň Hak ýoluna başlamak üçin Isa alaýhy-s-salam tarapyndan Rum ýurdundaky Antokiýa şäherine (obasyna) iberilen ilçiler hakynda barýar. Bu kyssa arkaly Gurhan Mekge müşriklerine Muhammet alaýhy-s-salama iman getirmezliginiň elhsnç akybetini - netijesini duýdurýar.

14. Şonda Biz olara (iki) ilçini iberenimizde, ol ikisini ýalançy hasap edenlerinden soň, üçünji (ilçi) bilen berkitdik. Bes, (bu üç ilçi Antokiýa iline): "Hakykatdan hem, biz size (iberilen) ilçilerdiris" diýipdiler;

15. Olar (şonda): "Siz hem biz ýaly adam. Rahman her bir zady (öňeteni) wahyý - hasyl edip indermezdi. Siz diňe ýalan sözleýärsiňiz" diýdiler.

16.(Ilçiler) aýtdylar: "Perwerdigärimiz biler ki, biz, şek-şübhesiz, size (iberilen) ilçilerdiris.

17. We Biziň boýnumyzda diňe (Allanyň, wahyý–habaryny size) açyk- röwşen (edip) ýetirmek bardyr".

18. Olar aýtdylar: "Hakykatda bolsa, biz siz hakynda betgümandadyrys. Kasam ki, eger (bu sözleriňizi) bes etmesiňiz, üstüňize daş ýagdyrarys we size biz tarapdan agyr bir azap ýeter".

19.(Ilçiler) aýtdylar: "Betgümanyňyz özüňiz bilendir (ýagny, siz Bizden däl, belki, öz küfrüňizden betgümanda boluň!) Size wagyz-nesihat edilse, (kabul etmäge derek, howp salýarsyňyzmy)?! Ýok, siz hetden aşan kowumsyňyz!"

20.(Şol wagt) bir adam şäheriň çetinden howlukmaç gelip; "Eý, kowumym, bu ilçilere eýeriň!

21. Özleri dogry ýolda bolan we sizden birem ajyr-sylag soramaýanlara eýeriň" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, bu adam şäheriň gyrasynda ýaşap ýören hudaýhon we sahawatly - habyp an Neçjar diýen adamdy. Ol şäherdeşleriniň özlerini dogry ýola - Hak ýoluna düşürmek üçin ilçileri ýalançy hasaplap, öldürjek bolýandyklaryny eşidip, olaryň ýanyna howlukmaç gelip, şu aýatdaky sözleri aýdýar. Bu sözleri eşiden kowum : "Eýsem, sen hem şularyň dinindemidiň?" diýenlerinde,

22. Ol aýtdy: "Näme üçin men özümi ýaradana ybadat etmäýin? Siz hem (dünýäden öteniňizden soň), ýalňyz Onuň Özüne gaýtarylarsyňyz.

23. Men Ony goýup, (jansyz butlary) hudaý edineýinmi?! (Hergiz beýle etmezmen, çünki) eger Rahman maňa bir zyýan ýetirmek islese, ol but(laryň) aklawlary meni bir närseden hem bihajat edip bilmez we olar meni (Allanyň azabyndan) gutaryp bilmez.

24. Onda men, şek-şübhesiz, açyk zelalatda bolaryn.

25. Hakykatdan, men (jansyz butlara däl-de, hemmämizi ýaradan) Perwer- digärimize iman getirerin. Bes, meni diňläň!".

26-27. (Emma jahyl kowum Habyp an Neçjaryň sözlerine gulak salman, ony katl edenlerinden - öldürenlerinden soň, oňa): "Jennete gir" diýildi. (Allanyň emri bilen jennete girizilip, o taýdaky nazy-nygmaty we hezzet-hormaty görüp) ol: "Indiberi kowumym hem meni Perwer-digärimiň magrypat edenini we meni yzzat-ykramly kişileriň (biri hasap) edendigini bilselerdi!" diýdi.

28. Biz (Habyp an Neçjary öldürenlerinden) soň, onuň kowumynyň üstüne (olary heläk etmek üçin) asmandan bir goşun hem (ýagny, azap perişdelerini), indermedik. Biz (hiç närse) inderiji hem bolmarys.

29. Diňe eýmenç bir gykylyk gopdy, olar duýdansyz sem boldular (heläkete ýüz tutdular).

> 30.(*Allanyň, ilçilerini ýalançy edip, olara zyýan ýetiren barça) bendelere hasrat-nedamat bolgaý! Olara bir pygamberem gelmez, meger, olar onuň üstünden masgara edip gülüji bolarlar.*

31. Eýsem, olar özlerinden ozal hem ençe asyrlary (öwlat-nesilleri) heläk edenimizi - we olaryň öz ýanlaryna (gaýdyp) gelmediklerini

görmedilermi?!

32. Hiç şek-şübhesiz, (olaryň) barçalary (kyýamat gününde) toplanjakdyr, Biziň dergahy- myzda häzir ediljekdir.

33. Öl-gury ýer olar üçin (gaýtadan dirilmegiň haklygyna) 6ir aýat-alamatdyr. Biz ony (suw bilen) diriltdik we ondan (dürli) dänäni ösdürip çykardyk. Bes, olar şol (däne)den iýerler.

34. Ýene Biz ol (er)de hurmaly we üzümli baglary (peýda) kyldyk we onda çeşmeleri akdyryp goýduk.

35. Täki (adamlar şol baglaryň) miwesinden iýsinler diýip (şeýle etdik). Çünki, ol (miweler)i olar elleri (bilen) ýaratmandylar. Eýsem, şükür etmeýärlermi.

36. Ýeriň öndürip-ösdüren närselerinden, (adamlaryň) özlerinden we ýeiýe olaryň bilmeýän närselerinden ybarat barça jübütlerini ýaradan (Alla her hili aýby-nogsandan) päkdir.

37. Gije hem olara (adamlara Biziň gudratymyzy görkezip duran) bir aýatdyr. Biz ondai - gündizi aýyrsak, öz-özünden olar zulmatda galarlar.

38. Kuýaş (Gün birazajyk hem togtaman) öz ýaşýan tarapyna hereketde bolar. Bu Gudratly we Şöhratly (Allanyň) tagbyry-ýorgudydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýerden müňläp mertebe uly göwrümde bolan Kuýaş tä "Gunüň we Aýyň birleşýän" kyýamat güni gelýänçä, bir dem hem dynman älemde öz okunda aýlanyp ýörýär. Diňe gudratly we dana - Alla tagalanyň Özi ony şeýle tertip-düzgüne boýun syndyryp goýup biler.

39. Biz Aýy hem, ony tä hurma pudagy kibi bolup (egilip, hylal halyna gelip) galýança birnäçe menzile belgiläp - tabşyryp goýandyrys.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, bir aýyň dowamynda asmandaky Aý ýigrimi sekiz günde her dürli peýda bolup, adamyň gözüne ýigrim sekiz tüýsli bolup görünýär. Soňra bir ýa iki gije görünmän durýar-da, ýene şol tertip gaýtalanýar, Eger Kuýaş gündizlerine älemi Nura we ýylylyga doldursa, Aý gijelerine ýagtylyk bermek bilen bilelikde wagt ölçegi hem bolup hyzmat edýär.

40. Ne Kuýaş üçin Aýa (ýetmek) bardyr we ne-de gije gündizden ozýandyr (tün ortasynda Gün, Gün ortasynda tün bolmaýar. Kuýaş, Aý we ýyddyzlaryň) barysy pelekde ýüzer ýörer.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty-Kerimde kyýamat kaýym bolýança, älemdäki uly-kiçi saýýaralaryň - planetalaryň pelekde erkin ýüzüp ýörýändikleri beýan edilendir. Ylma ýigriminji asyryň başlarynda mälim bolan bu hakykat hakynda Gurhany-Kerimiň mundan on dört asyr öň habar bermegi ybratlydyr.

41. Biz olaryň (ynsanlaryň) nesil-zürýatlaryny (Nuh pygamber bilen bile we dürli janawerlerden) doly gämide halas edenimiz (we tupan belasyndan najat berenimiz) olara (Biziň gudratymyzy görkezýän) ýene bir aýatdyr.

42. Ýene Biz olar üçin edil şol (gämä) meňzeş münülýän närseleri (uly-kiçi başga gämileri) hem ýaratdyk.

43. Eger Biz islesek, olary gark ederis-de, soň olara bir ýardamçy Hem bolmaz we olar (heläketden) gutulmazlar.

44. Meger Biz tarapyn bolan merhemet sebäpli, we (mälim) bir wagta çen (ýagny, ajallary ýetinçä ýaşaýyş nygmatlaryndan) hoşal bolmaklary üçin (olara bela-kazalardan najat berler).

45. Haçan (müşrikler)ýe: "Rahmete eýermegiňiz üçin öňüňizdäki (dünýä pitnelerinden) we yzyňyzdaky (ahyret azabyndan) gorkuň (ýagny, imana geliň)" diýilse, (olar gulak salmazlar).

46. Olara Perwerdigäriň aýatlaryndan birem aýat gelmez, meger (gelse hem) olar (şol aýatlardan) ýüz öwürerler.

47. Haçan olara: "Allanyň, size rysk edip beren närselerinden haýyr-yhsan ediň" diýilse, kapyr bolan kimseler iman getirenlere (närazylyk bilen): "Eger Alla halasa, Özi tagam berip bilýän kimselere biz tagam bererismi?! Siz, hiç şek-şübhesiz, açyk zelalatdasyňyz diýerler.

48. Olar eger rastgöý bolsaňyz, (hany aýdyň-da), ine, şu wada (beriljek azap) haçan bolar?" diýerler.

49. Olar diňe bir apatly sese garaşýandyrlar, bolany. Ol (şol ses) olary (ölümden asla bihabar ýagdaýlarynda köçeme-köçe, öýbe-öý, ýa-da bazarlarda biri-birleri bilen) dawalaşyp durkalar alyp gider (ýagny, heläk eder).

50. Bes, olar ne bir weset etmäge ne-de öýlerine gitmäge kadyr bolarlar.

51.*(Kyýamat sagady ýetip, Ysrafylyň, türkmençe - Esrapylyň) surunyň çalynmagy bilen olaryň öz-özi gabyrlaryndan Perwerdigäriň (huzuryna hasap-kitap üçin) sogrulyp çykarlar.*

52. Olar: "Waý, bize ölüm bolsun! Kim bizi ýatan ýerimiizden (gabrymyzdan) turuzdy?" diýenlerinde, (olara aýdylar): "Ine, şu Rahmanyň wada eden we pygamberleriň rast aýdan zady - kyýamatdyr".

53. Diňe bir apatly ses bolar-da, öz-özlerinden olaryň hemmesi Biziň dergahymyzda häzir ediler.

54. Ine, bu Günde hiç bir jana bir zulum hem edilmez we siz diňe öz edip öten amalyňyz sebäpli jezalandyrylarsyňyz.

55. Şek-şübhesiz, jennet eýeleri bu günde (öz islän) iş(leri) bilen hoşal bolarlar.

56. Olar öz jübütleri bilen bile, salkyn saýaly ýerlerde sekilerde ýassanyp ýatarlar.

57. Olar üçin ol ýerde (her dürli) miweler doludyr we olar üçin çagyran - islän närseleri häzirdir.

58.*(Olara) mähriban Perwerdigär tarapyndan salam aýdylar.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Hadysy-Şeripde aýdylşyna görä, jennet eýelkri özlerine wada berlen naz-nygmatlar içinde rahatlykda ýörkäler öz-özünden üstlerinde bir nur peýda bolar. Olar başlaryny göterip "Essalamu-aleýkum, eý, jennet ili diýip duran älem Perwerdigärini görerler. Jennet eýeleriniň ýetjek bu bagt-sagadaty ebedilik zikr edilenden soň, aşakda dowzahylaryň tapjak azap-ukybetleri hakynda habar berilýär.

59. Eý, jenaýatçy kimseler, ine, bu Günde (möminlerden) saýlanyň!

60-61. Men size: "Eý, Adam perzentlsri, şeýtana ybadat etmäň, çünki, ol size açyk duşmandyr. Diňe Maňa ybadat ediň! Ine, şu Dogry ýoldur" diýip buýrmanmydym?!

62. Anyk ki, (şeýtan) siziň içiňizden köp nesli ýoldan azdyrdy. Eýsem, akyl ýöretmeýärsiňizmi?!

63. Size wada edilen jähennem, ine, şudur!

64. Siz (pany dünýäde) kapyr bolup öteniňiz sebäpli, ine, bu Günde (jähenneme) giriň!

65. Bu Gün Biz olaryň agzyny möhürläp goýarys. We Bize olaryň edip öten işleri hakynda - olaryň elleri sözlär we aýaklary güwälik berer.

66. Eger Biz islesek, olaryň gözlerini ýok ederdik (kör ederdik). Ana, onda olar ýollaryna howlugýarlar-da, (ýöne hiç zady görmeýärler)

aslyetinde nädip görsünler?!

67. Eger Biz islesek, olary duran ýerlerinde (maýmyn, doňuz ýa-da daş kibi) zatlara hem öwrüp goýardyk. Soň olar (öňe) ýöremäge hem kadyr däldirler, yza hem gaýdyp bilmezler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu iki aýata şeýle düşünmek lazym. Alla tagala: "Ömürlerini küfri - isýan bilen geçiren kimseler Dogry ýola ýörsünler we toba-tagsyr etsinler diýip olary ynsan ýagdaýynda galdyrypdyk. Ýöne olar öz dinsizliklerinden gaýtmadylar we akybet netijede jähennem eýeleri bolup galdylar" diýýär. We entek pany dünýäde ýaşaýanlara duýduryş edilýär.

68. Biz kime (uzyn) ömür bersek, onuň hulkatyny (jismi-janyny) ejiz-naçar edip goýýarys. Heý, akyl ýöretmeýärlermi (ýagny, bir kişiniň suratynda we syratynda, ýaşlygy bilen gartaňlygynda nähili uly parh barlygyny görüp, ybrat almaýarlarmy)?!

69-70. Biz (Muhammede) şygyr öwretmedik we (şahyrlyk) onuň üçin dürs däldir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şeýlelikde Muhammet alaýhy-s-salam Alla tagala tarapyndan iberilen pygamber eken, diýmek, onuň diňe rast sözlemegi lazym. Şygyret bolsa, göçgünli, çylşyrymly, jedelli senetdir. Şunlukda, öz ymmatlaryna bir ömür amal edýän din sapaklaryny öwredýän we gaýyp älem ahyret hakynda habar berýän pygamberiň şahyr bolmagy dürs däldir.

(Muhammediň tilewat edýän zady) diňe diri adamlara duýduryş üçin we kapyrlar üstüne Sözüň - azabyň hak bolmagy üçin (hasyl edilen) bir ýatlatma we açyk-röwşen Gurhandyr.

71. Eýsem, olar Biziň Öz (gudrat) elimiz bilen eden närselerimizi - çarwa mallary ýaradyp goýanymyzy görmedilermi?! Ine, olar şol (mal)lara eýedirler.

72. Biz şol (haýwan)lary olara boýun syndyryp goýandyrys. Ana, olaryň münýän närseleri hem şol (haýwan)lardandyr, iýýän

(tagamlary) hem şolardyr.

73. Ýene olar üçin şol (haýwan)larda (dürli) peýdalar we içimlikler (süýt-gaýmak) bardyr. Eýsem, şükür, etmezlermi?!

74.(Ýok, olar şükür etmediler, belki,) Allany goýup, ýardam tapmak umydynda (özge) "hudaý"lary tutdular.

75. Olar şol ("hudaý"lary) üçin - (olaryň) taýyn goşuny bolan ýagdaýlarynda hem, ol ("hudaý"lar) olara ýardam bermäge kadyr bolmazlar.

76. Bes, (Eý, Muhammet), sizi olaryň sözleri gamgyn etmesin! Aslyýetinde, Biz olaryň gizleýän hem, äşgär edýän närselerini hem bilýäris.

77. Ynsan Biziň özüni nuftadan - bir damja suwdan ýaradanymyzy, indi bolsa, ol öz-özünden (Özümize) açyk garşylyk edýändigini görmedimi?!

78. Ol Bize "Çüýräp giden süňkleri kim dirildip biler?" diýip, mysal getirdi-de, özüniň (bir damja suwdan) ýaradylanyny unudaýdy.

79.(Eý, Muhammet), aýdyň: "Ol(çüýrän süňk)leri deslap (bir damja suwdan) peýda kylan zadyň Özi gaýtadan dirilder. Ol (Özi ýaradan) barça halky bilýändir".

80. Ol siz üçin ýap-ýaşyl daragtdan (oduna, kömre öwrüp) ody peýda kylandyr. Bes, siz şondan ot ýakarsyňyz.

81. Asmanlary we Ýeri ýaradan ýene şoňa meňzeşini ýaratmaga kadyr dälmidir?! Ýok, elbetde, kadyrdyr. Onuň Özi ýaradyjydyr we bilijidir.

82. Islendik bir närsäni (ýaratmagy) erada eden wagtynda, Onuň işi diňe "Bol!" diýmekdir. Bes, ol (närse) bolar.

83. Bes, hemme närsäniň eýeligi Öz elinde bolan (Alla her hili aýby-nogsandan) päk zatdyr. Ýalňyz Oňa gaýtarylarsyňyz.

37. SAP-SAP DURANLARA KASAM SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bu süre bir ýüz segsen iki aýatdan ybaratdyr.

Iman-ygtykat we ondan ýetýän peýdalar, küfri-isýan we onuň zyýanlary hakynda söz açýan bu sürede Alla tagalanyň emri-permanlaryna muntazyr durýanlar hakynda zikr edilýär. Soňra jynlar dogrusyna gürrüň açylyp, "jynlaryň Alla ýakynlygy bar" diýen kimseleriň efsana-rowaýatlary ret edilýär. Sürede ahyret durmuşy-jennet eýeleriniň bagt-sagadata eýe boluşlary, dowzahylaryň duçar edilýän azap-ukubetleri hakynda söz ýöredilýär. Şonuň dek, birnäçe pygamberiň kyssasy beýan edilýär we olaryň hemmesiniň "gözel amal ediji" bendeler bolandyklary aýdylýar, hususan, Ybraýym alaýhy-s-salama Alla tagala tarapyndan öz ogly Ysmaýyly gurban etmäge buýruşlary we olaryň ikisiniň-de Ýaradanyň emrine gulak asyp, etagat edenlerinde, Alla tagalanyň, jennetden bir goç inderip, Ysmaýyl alaýhy-s-salamyň deregine şony soýmagy buýrandygy dogrusyndaky habar bilen iman we synag hakynda ybratly mysal getirilýär Gurhany - Kerimdäki birnäçe sürelerde Alla Öz ýaradan käbir mahlukatynyň adyna kasam bilen başlaýar. Bu süre hem Ýaradanyň barça buýruklaryny ýerine ýetirmek üçin sap - hatar tutup durýan hakyky iman-ygtykat eýeleriniň adyna kasam bilen başlanandygy sebäpli «Wa-s-saffat» - Sap tutup duranlara kasam" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2-3-4 *(Alla ýolunda) sap tutup durýan, (Allanyň bendelerini günä ýollaryndan) mydam saklaýan, (Allanyň kelamyny) daýym-a (mydama) tilewat edýän (ynsanlar we perişdelerden ybarat barça)lara kasam ki, şek-şübhesiz, siziň Ylahyňyz birdir.*

5.*(Ol) asmanlar we Ýer - olaryň arasyndaky gündogar ýerleriň (we gunbatar ýerleriň) Perwerdigäridir.*

6. Biz iň ýakyn asmany ýyldyzlar bilen zynatladyk.

7. We (ony) her bir etagatsyz şeýtandan - jyndan sakladyk.

8-9. Ol (jyn)lar iň belent möwjudatlary (ýagny, perişdeleriň sözlerini) hergiz eşidip bilmezler we (olary) kowmak üçin, olara her tarapdan (ýyldyzlar) atylar. Olar üçin ahyretde dowamly azap bardyr.

10. Meger, biriniň (gulagyna) bir söz ilse, (ýagny, bir jyn bir sözi eşidip, gaçsa) ony hem süýnýän ýyldyz kowup ýeter (we heläk eder).

11. Bes, (eý, Muhammet, Mekge kapyrlaryndan) soraň hany, olar(y) ýaratmak kyn ekenimi ýa-da Biziň ýaradan zatlarymyzy?! (Ýagny, perişdeleri we Ýeru-asmanlardaky barça mewjudaty ýaratmak adamzady ýaratmakdan agyr dälmi?!)Aslynda, Biz (ynsanlaryň, asly-owaly bolan Adam alaýhy-s-salamy) ýapyşak bir palçykdan (toýundan) ýaradan- dyrys.

12. Siz-ä (olaryň gaýtadan dirilişi inkär edýändiklerine) geň galýarsyňyz, (emma) olar (siziň ahyret durmuşy hakyndaky sezleriňizi) ýaňsa alýarlar.

13. Olara (Gurhan bilen) pent-nesihat edilse, pent-nesihaty almazlar.

14.(Siziň, hak pygamberdigiňize delalat edýän) bir aýat-mugjyzany görseler, (iman getirmäge derek derrew sizi) ýene-de zyýadarak masgara ederler.

15. We diýerler: "Bu diňe açyk-röwşen sehr-jadydyr.

16. Biz ölüp, topraga we süňke öwrülip giden çagymyzda, dogrudan hem, ýene gaýtadan dirilýäsmi?!

17. Owal ötüp giden ata-babalarmyzammy?!"

18.(Eý, Muhammet, siz olara) aýdyň: "Hawa! Siz hary-zar bolup (gaýtadan dirilersiňiz)".

19. Ol (ýagny, gaýtadan dirilmek) diňe (Ysrafylyň sury bilen çalynýan) bir sesdir, bolany, bes, olar öz-özünden gaýtadan dirilip, şol Güni görerler.

20. We: "Wa-hasrat-a! Bu kyýamat-a" diýerler.

21. Ine, şu siziň ýalan diýip öten (hak bilen batylyň, nähakyň) aýrybaşgalaşýan (parhlanýan) Günüdir.

22-23.(Eý, perişdeler, siz) zalym-kapyr bolan kimseler we olaryň tabakdaşlaryny hem-de olaryň Allany goýup, ybadat edip öten närselerini toplap, dowzah ýoluna äkidiň.

24.(Emma tä Meniň permanym bolýança) olary saklap (dowzaha oklaman) duruň! Çünki, olardan (owal pany dünýäde edip öten küfri-isýanlary hakynda) soraljakdyr.

25.(Ol Günde kapyrlara aýdylar):"Näme üçin biri-biriňize ýardam bermeýärsiňiz?!"

26. Ýok, olar bu Günde (hiç zat edip bilmezler, diňe Biziň hökümimize) boýun synarlar.

27. Olar birewleri birewlerine garadylyp sorag-jogap ederler.

28.(Tirkeşenler özlerini ýoldan urduran-azdyran peşwalaryna öňbaşçylaryna): "Siz bize sag tarapdan (ýagny, biziň ynanyp, ýagşylyga garaşýan tarapymyzdan) gelipdiňiz" diýenlerinde,

29.(Başçylary) aýdarlar: "Ýok, siziň özüňiz mömin bolmandyňyz.

30. Biz hem siziň üstüňizden hökmürowanlyk etmändik! Özüňiz hetden aşyjy kowumdyňyz.

31. Bes, indi (bize hem, size hem) Perwerdigärimiziň Sözi - azaby hak boldy. Şek-şübhesiz, biz (ony) dadarys.

32. Indi biz ýoldan azanymyz sebäpli, size hem ýol urdurdyk".

33. Bes, elbetde, olar (ýagny, Alla ýolundan azan kimseler we olary ýol urduranlar) şol Günde azaba (deň) şärik bolarlar.

34. Hakykatdan hem, Biz jenaýatçy kimseleri, ine, şeýle (azaba duçar) ederis.

35. Çünki, olar özlerine: "Hiç hili ylah ýok, diňe ýalňyz Alla bardyr" diýlen wagtda kibri-howa (men-menlik) edipdiler.

36. We olar: "Eýsem, biz mejnun şahyryň (sözi) diýip, öz hudaýlarymyzy terk ederismi? diýerdiler.

37. Ýek, (Muhammet alaýhy-s-salam mejnun şahyr däldir, gaýta) Ol Hak (din) alyp geldi we (özünden owal öten) barça pygamberleri tassyk etdi.

38.(Eý, jenaýatçy kimseler), siz, şek-şübhesiz, alamly (agyr, içýakyjy) azaby dadarsyňyz.

39. Siz diňe edip öten jenaýatlaryňyz sebäpli jezalandyrylarsyňyz.

40. Meger Allanyň päkize bendeleri bardyr ki,

41. Ana, şolar üçin mälim rysk,

42-43-44. (Her dürli) miweler bolar. We olar naz-nygmat baglarynda, sekileriň üstünde bir-birlerine ýüzbe-ýüz oturyp, yzzat-hormat görerler.

45-46. Olara içmek üçin akar çeşmelerden lezzetli ap-ak (şeraply) käseler aýlandyrylyp durular ki,

47. Ol (şerap)da serhoş ediji - akyldan azaşdyryjy närse bolmaz we olar ondan serhoş bolmazlar.

48-49. Ýene olaryň öňlerinde gözlerini (bigana - ýatlara seretmekden) saklaýan, göýä gizlenip goýlan (ap-ak) ýumurtga dek (päkize, zäherlenmedik) ahu gözler bolar.

50. Bes, olar (jennet ähli) bir-birlerine seredip, sowal-jogap ederler.

51.*(Şeýle söhbetleriň birinde) olaryň biri diýdi: "Meniň bir dostum bardy;*

52-53. Ol (maňa) "Dogrudan hem, sen (gaýtadan dirilip) jezalandyryljaklardanmy?" diýip, geň, galýardy.

54. (Sözleýän pany dünýäde ahyreti inkär eden dosty hakyndaky hekaýany gutarandan soň, jennetdäki ýoldaşlaryna): "Siz (hem meniň bilen bile şol dostumyň dowzahdaky hal-ýagdaýynyň nähili bolanyny) görjekmisiňiz?" diýdi.

55. Soň özi seredip, ony (dostuny) dowzahyň ortasynda görenden soň;

56. Aýtdy: "Allanyň adyna kasam ki, hakykatdan hem, sen meni hem heläk edip başlapdyň.

57. Eger Perwerdigärimiň nygmaty (ýagny, hidaýaty) bolmasady, elbetde, men hem (seniň bilen bile dowzaha) dahyl ediljeklerden bolardym.

58-59. (Hany, maňa aýt), bize birinji ölümimizden başga ölüm ýok ekenimi?!".

60. Elbetde, ine, şu (jennetde ýetýän nygmatlar) uly bagtyň özüdir.

61. Bes, amal edýänler, ine, şeýle (baky bagt-sagadat üçin) amal etsinler!

62. Hakykatdan hem, Biziň ony (jenneti wada edenimiz) ýagşyrak zyýapatmy ýa-da zakgum (zakgun) daragtymy?

63. Hakykatdan hem, Biz ony (ýagny, Zakgum daragtyny) zalym kimseler üçin pitne-aldaw edip goýduk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Dowzahda zakgum daragty bardygy hakynda sözlenende, kapyrlar: "Ol ýerde daragt nädip össün, ony dowzah ody köýdürmezmi? diýip şek getiripdirler. Şonuň üçin -şu aýatlarda Alla tagala ol daragt dogrusynda öz gudrat ylahyýasyny beýan edýär.

64. Hakykatdan hem, ol dowzahyň düýbünde (kökünde, bagrynda) ösýän bir daragtdyr.

65. Onuň şahalaryndaky miweleriniň (betgelşikligi) edil şeýtanlaryň başyna meňzär.

66. Bes, olar (dowzahylar) elbetde, ondan iýip, garynlaryny doldurarlar.

67. Soňra, elbetde, olar üçin onuň (zakgum miweleriniň) üstüne gaýnag suw goşular (olara mejbury gaýnag suw içiriler).

68. Soňra, şek-şübhesiz, olar ýene dowzaha gaýdarlar. (Gaýnag suw olaryň içki agzalaryny köýdürer, dowzahyň ody bolsa, bedenlerini köýdürer).

69. Elbetde, olar (ýagny, Mekge müşrikleri) özleriniň ata-babalaryny (hem) ýoldan azan hal(laryn)da tapdylar.

70. Soň özleri hem olaryň yzyndan ylgadylar.

71. Anyk ki, olaryň owal ötenleriniň hem köpüsi ýoldan azypdylar.

72. Biz bolsa, olaryň (ýagny, owal ötenleriň) arasyna duýduryjy (pygamber)leri iberipdik.

73. Bes, (eý, Muhammet), duýdurylan (şol) kimseleriň akybetleriniň nähili bolanyny görüň!

74. Meger, diňe Allanyň päkize bendeleri (bagtsyzlyga duçar bolmadylar).

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatlarda Mekge müşrikleriniň iman-yslama gelmediginden gamgyn bolan Muhammet alaýhy-s-salama öň hem özlerine iberilen pygamberleri ýalançy hasap edip, bagtsyzlyga duçar bolan kowumlaryň bolandygy ýatladylýar. Aşakdaky aýatlarda bolsa, Alla tagala Özüniň soňky pygamberine owalky pygamberlerden ýedi kişiniň kyssalaryny beýan edýär.

75. Kasam ki, Nuh (kowumy ony ýalançy hasap eden wagtlarynda) Bize nyda - dileg kyldy. Bes, (Biz) nägadar ýagşy ejabat (jogap) edijidiris.

76. Biz oňa we onuň tabyn iline uly gamdan (ýagny, suwa gark bolmakdan) najat berdik.

77. We onuň zürýadyny (tä kyýamata çenli) baky galdyrdyk.

78. We soňky (nesil)ler arasynda (Nuh) hakynda (gözel öwgi-alkyşlar) galdyrdyk.

79. Bütün älemlerde Nuha salam bolsun!

80. Elbetde, Biz gözel amal edýänleri ine, şeýle sylaglaýarys.

81. Hakykatdan hem, ol Biziň mömin bendelerimizdendir.

82. Soňra başgalary (Nuhy ýalançy hasap eden kimseleri) gark etdik.

83. Şek-şübhesiz, Ybraýym hem Nuh toparyndandyr.

84. Ýatlaň, ol Perwerdigäriniň huzuryna arassa kalp bilen geldi.

85. Şonda ol atasyna we kowumyna aýdypdy: "Nämö ybadat edýärsiňiz?

86. Allany goýup, ýalan "hudaý"lara (sygynmak) isleýärsiňizmi?!

87. Onda barça älemleriň Perwerdigäri hakynda (ýagny, Onuň müşrikligiňiz üçin berýän jezasy hakynda) ne gümanyňyz bar?!"

88-89. Soň ol ýyldyzlara dikanlap durup: "Elbetde, men (derleme) keseline ýolugypdyryn" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Nakl edilişiçe, şol döwürde adamlaryň arsynda ýyldyzlara garap, pal atmak - münejjimlik etmek giň ýaýran eken. Şonuň üçin müşrikleriň baýramyny bellemäge aýt-baýrama gidip barýan kowumdan aýrylyp galan Ybraýym alaýhy-s-salam, göýä ýyldyzlara seredip, bilen ýaly, olara: "Men derleme keseline ýolugypdyryn - dümewläpdirin" diýdi. bu sözi eşidip, derleme ýokaşmagyndan gorkan kowum...

90. Derrew ondan ýüz öwrüp gitdiler.

91-92. Bes, (Ybraýym) ýuwaşjadan olaryň butlary (nyň) öňüne gelip: "(Ine, bu taýýar tagamlary) iýmeýärsiňizmi? Näme üçin sözlemeýärsiňiz?!" diýdi.

93. Soň olara ýakyn gelip, sag eli(ndäki palta) bilen urdy.

94-95-96. Bes, (kowumy) onuň ýanyna howlukmaç ylgap gelenden soň, diýdi: "Öz ýonup ýasan zatlaryňyza ybadat edermisiňiz?! Aslynda sizi hem, ýasan butlaryňyzy hem Alla ýaratmanmydy?!"

97. Olar (bir-birlerine) diýdiler: "(Ybraýym) üçin (ot ýakylýan) ýer taýýarlaň (we) ony şol oda taşlaň".

98. Bes, olar (Ybraýyma) hile etjek bolupdylar. Biz olary (ondan) pes etdik.

99.(Ol oduň içinden sag-aman çykdy) we aýtdy: "Elbetde, men Perwerdigärime gidýändirin. Onuň Özi meni (Dogry ýola) hidaýat eder.

100. Perwerdigärim, Özüň maňa salyh perzent bagyş etgin".

101. Bes, Biz oňa bir helim ogluň (ýagny, Ysmaýylyň) hoşhabaryny berdik.

102. Indi haçanda ol (çaga Ybraýym) bilen bile ýörände, Ybraýym: "Eý, oglum, men (tiz-tizden) seni düýşümde (gurbanlyk üçin) soýýanymy görýärin. Indi özüň näme pikir etjegiňi bir oýlap görgün" - diýipdi. Ol aýtdy: "Eý, atam, sen (düýşüňde) Perwerdigär tarapyn buýrulan işi etgin. Enşalla, sen meni sabyr edijilerden taparsyň (ýagny, sabyr edýän- lerdendigimi görersiň)".

DÜŞÜNDIRIŞ.Sahabalardan Abdullah ibn Apbas razyallahu anhunyň aýdyşyça, Alla tagalanyň barça pygamberleriniň gören düşleri wahyýdyr. Şonuň üçin hem, Ybraýym alaýhy-s-salam ýaňy on üç ýaşa gadam goýan ogly Ysmaýyl alaýhy-s-salam dogrusyndaky Allanyň emrine doly razylyk bilen boýun syndy.

103. Bes, haçanda ikisi hem (Allanyň wahyýsyna) boýun synyp, (Ybraýym öz ogly Ysmaýyly gurban etmek üçin) maňlaýyny ýere goýanda,

104-105. Biz oňa nyda kyldyk: "Eý, Ybraýym, hakykatdan hem, sen (gören) düýşüňi rast berjaý etdiň". Elbetde, Biz gözel amal edýänleri, ine, şeýle sylaglaýarys.

106. Elbetde, bu (Ybraýymyň öz ogluny gurban etmäge buýrulyşy) açyk - röwşen synagdyr, bolany.

107. Biz (Ysmaýylyň) deregine (Ybraýyma) goçak bir (goçy) soýmagy owaz etdik (ony jennetden inderdik).

108. We soňky nesil(ler) arasynda (Ybraýym) hakynda (gözel alkyş-öwgüler) galdyryk.

109.(Biziň tarapymyzdan) Ybraýyma salam bolsun!

110. Biz gözel amal edýänleri, ine, şeýle sylaglaýarys.

111. Hakykatdan hem, ol Biziň mömin bendelerimizdendir.

112. Ýene Biz oňa - mynasyp pygamber Ishakyň hoşhabaryny berdik.

113. We (Ybraýyma) hem, Ishaka hem (dinu-dünýälerinde bereket berdik. Olaryň zürýadyndan gözel amal ediji hem, öz janyna açyk jebir edijýa hem bolar.

114. Kasam ki, Biz Musa we Haruna (pygamberlik) berdik.

115. Biz (ol) ikisine we olaryň kowumyna uly gamdan najat berdik,

116. We olary Özümiz goldadyk, bes, olar (Firawundan ws onuň adamlaryndan) üstün boldular.

117. Biz olara röwşen Kitap - Töwrat bagyş etdik.

118. Hem-de olary Dogry Ýola hidaýat etdik.

119. We soňky nesil(ler) arasynda (Musa we Harun) hakynda (ajaýyp öwgüler) galdyrdyk.

120. (Biz tarapdan) Musa we Haruna salam bolsun!

121. Elbetde, Biz gözel amal edýänleri, ine, şeýle sylaglarys.

122. Hakykatdan hem, (bularyň) ikisi hem Biziň mömin bendelerimizdendir.

123. Ylýas hem, şek-şübhesiz, pygamberlerdendir.

124. Ýatlaň, ol öz kowumyna diýipdi: "(Alladan) gorkmaýarsyňyzmy?!

125-126. Siz Bal diýen altyndan ýasalan but(a) çokunyp, siziň hem, ozalky ata-babalaryňyzyň hem Perwerdigärini - iň gözel - afzal Ýaradyjy Allany terk edermisiňiz?!".

127. Bes, (kowumy Ylýasy) ýalançy hasap etdiler. Indi, elbetde, olar (dowzah azabyna) dahyl ediljekdir.

128. Meger, diňe Allanyň päkize bendeleri (azaba duçar bolmazlar).

129. Biz soňky nesil(ler) arasynda (Ylýas) hakynda (gözel öwgi-alkyşlar) galdyrdyk.

130. (Biz tarapdan) Ylýasa salam bolsun!

131. Elbetde, Biz gözel amal edýänleri, ine, şeýle sylaglaýarys.

132. Hakykatdan, ol (Ylýas) Biziň mömin bendelerimizdendir.

133. Lut hem, şek-şübhesiz, pygamberlerdendir.

134. Ýatlaň, Biz oňa we onuň barça tabyn illerine najat beripdik.

135. Diňe (azapda) galjak bir kempire (ýagny, Lutuň aýalyna) najat bermedik).

136. Soňra başgalaryny (ýagny, Luty ýalançy hasap edenleri) heläk etdik.

137-138. (Eý, Mekge ili), anyk ki, siz ir-ertiru, giç-agşam olaryň üstünden (olaryň heläk bolan ýerlerinden) geçip durýansyňyz. Ýa akyl ýöretmeýärsiňizmi (ýagny, Lutuň kowumynyň başyna düşen apat siziň üstüňize düşmez öýdýärsiňizmi?!)

139. Ýunus hem, şek-şübhesiz pygamberlerdendir.

140. Ýatlaň, ol (kowumyna gazaplanyp, Perwerdigärden rugsatsyz obasyndan çykyp) içi doly adamly gämä tarap gaçypdy.

141. Bes, (gämidäkiler bilen) bije atyşyp ýeňlenden soň, (ony deňze okladylar).

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat etmeklerine görä, Ýunus alaýhy-s-salam özüni ýalançy hasap eden kowumlaryna gaharlanyp, olaryň üstüne ýakyn wagtda «uly bela düşjegi hakynda duýdurýar we özi Alla tagalanyň emri-permany bolmasa-da, obasyndan çykyp gidip, bir deňziň gyrasyna barýar we şol wagtda gitmäge şaýlanyp duran üsti adamdan doly gämä münüp, ýola duşýär. Emma ol gämi deňziň ortasynda durup galýar. Şonda

gämidäkiler: "Aramyzda öz eýesinden gaçyp gelýän bir gul bar, eger şony gämiden düşürmesek, hemmämiz gark bolarys" diýişip, gurra taşlanlarynda, Ýunus alaýhy-s-salamyň bijesi galýar we gämidäkiler ony deňze oklaýarlar.

142. Bes, ony (Perwerdigärden rugsatsyz öz kowumyny taşlap, çykyp gideni sebäpli) melamata laýyk bolan ýagdaýda bir läheň ýuwdup goýberdi.

143-144. Indi eger ol (Allaga ömürlik) tesbih aýdýanlardan bolmasady, elbetde, ol (balyk) garnynda tä gaýtadan dirilýän güne çenli (kyýamata çenli) galardy (ýagny, heläk bolardy).

145. Bes, Biz ony hassa halynda gury ýere çykardyk.

146. We onuň üstüne (saýa salyp durmak üçin) gowak daragtyny (Ýaktin daragtyny) ösdürip goýduk.

147. Biz ony ýüz müň, belki, ondan-da köpräk (adama) pygamber etdik.

148. Bes, olar (Ýunusa) iman getirdiler. Soň Biz olary (mälim) bir mütdete çenli (ýagny, ajallary ýetinçä, pany dünýä nygmatyndan) hoşal etdik.

149. Indi (eý, Muhammet, Mekge kapyrlaryndan) sorap görüň, gyzlar (ýagny, olaryň, gümanyça, Perişdeler – Allanyň gyzlary) Perwerdigäriňiziňki-de, ogullar olaryň- kymykan?!

150. Ýa-da Biz perişdeleri, olaryň güwäliginde gyz edip ýaratdykmy?

151-152. Ägä boluňlar, kim, olar ýalançylyklary sebapli, "Allanyň perzendi (gyzlary) bar" diýerler. Olar, şek-şübhesiz, ýalançylardyr.

153.(Alla) ogullaryny goýup, gyzlaryny saýlap aldymy?

154.(Eý, Mekge ili), size näme boldy?! Nähili (erbet, nähak) höküm çykarýarsyňyzla?!

155. Ýa akyl-huşuňyzy ýitirdiňizmi?!

156. Ýa-da sizde (Allanyň perzendi barlygy hakynda) heý bir açyk-röwşen hüjjet - delil barmy?!

157. Bes, eger rastgöý bolsaňyz, (ine, şu dawalaryňyzy tassyk edýän) kitabyňyzy hany getiriň-dä?!

158.(Müşrikler, Alla) bilen jynlar (perişdeler) arasynda neseb (ýagny, ata-ogullyk bar diýip güman) etdiler. Olar, jynlar-perişdeler (müşrikleriň Allanyň azabyna) duçar ediljekdigini anyk bildiler.

159. Alla olaryň (perzendi bar diýip) sypatlandyryşlaryndan päkdir.

160. Meger, Allanyň päkize bendeleri (mydam Allany Oňa nälaýyk sypatlardan päk tutarlar).

161-162. (Eý, Mekge ili) şek-şübhe ýok ki, siz hem, siziň sygynýan butlaryňyz hem (bir kişini-de Alla)ga garşy pitnä salyjy - aldap biliji dälsiňiz.

163. Meger (Allanyň takdyry ezelinde) diňe dowzaha girmeli kimseleri (aldap bilersiňiz).

164.(Perişdeler aýtdylar): "Biziň her birimiz üçin (asmailarda) mälim bir orun bardyr (ki, biz özümiziň, ana şol ornumyzda Allanyň emrini berjaý ederis).

165. Hakykatdan hem, biz (Allanyň ýolunda) sap tutup durandyrys.

166. Hakykatdan hem, biz (Allany her hili aýby-nogsanlardan päkläp) tesbih aýdyjydyrys".

167-168-169.(Mekge ili bolsa, Gurhan hasyl bolmazdan ozal): "Eger biziň öňümizde hem owalkylar(yň kitaplaryn)dan bir ýatlatma - Kitap bolsady, onda bize hem Allanyň päk bendeleri" diýerdiler.

170. Indi (Gurhan hasyl bolandan soň) bolsa, oňa kapyr boldular, Bes, ýakynda (bu küfrleri niň akybetiniň näme boljagyny) bilerler.

171-172-173. Anyk ki,Biziň pygamber bolan bendelerimiz hakynda: "Şek- şübhesiz, olar goldaw tapýanlardyr we , şek-şübhesiz, Biziň goşunymyz (bu pygamberler we olara iman getirenler) üstün çykýanlardyr" diýen Sözümiz eýýäm subut bolandyr.

174. Bes, (eý, Muhammet), siz olardan (Mekge kapyrlaryndan mälim) bir wagta çenli ýüz dönderiň!

175. We olary (ýakynda ýeňlen halda) görüň! Bes, ýakynda olar (küfrleriniň akybe- tini) görjekler!

176. Eýse, olar Biziň azabymyzy tizleşdirýärlermi?!

177. Bes, haçan (Biziň azabymyz) olaryň üstlerine düşende, şol duýdurylan kimse- leriň günleri örän ýaman bolar.

178. Siz olardan (mälim) bir wagta çenli ýüz dönderiň!

179. We olary (ýakynda ýeňlen halda) görüň! Bes, ýakynda olar (küfrleriniň akybe -tini) görjekler!

180. Gudrat eýesi bolmuş Perwerdigäriňiz olaryň berýän sypatlaryndan (her hili aýby-nogsandan) päkdir.

181. Ähli pygamberlere (Alla tarapyn) salam bolsun!

182. Hamdy - sena barça Älemleriň Perwerdigäri Alla üçindir.

38. SAD SURESI

Segsen sekiz aýatdan jemlenen bu süre hem Mekgede hasyl bolandyr. Süräniň başynda Gurhany-Kerimiň şanyna - onuň Hak Kitapdygyna kasam içilýär.

Soňra müşrikleriň Muhammet alaýhy-s-salamyň ýoluna görkezen garşy-lyklary dogrusynda habar berilýär we oňa teskin - teselli bolmagy üçin öz salyhlary - öten käbir pygamberleriň durmuşyndan we olaryň kapyrlar tarapyndan gören azar-ezetlerinden sahypalar - mysallar getirilýär.

Bu sürede hem Alla tagalanyň möminler üçin taýýarlap goýan gezel akybeti - jennet we pany dünýäden dinsizlik bilen öten kapyrlar üçin taýýarlanyp goýlan dowzah dogrusynda birnäçe aýatlar jemlenendir.

Şeýle hem, bu sürede ähli iman - möminler kibri-howa yllatyndan yrak bolmaga çagyrylyp, Iblisiň jennetdei kowulyşyna sebäp bolan närse - Alla tagalanyň, emrine etagat etmekden boýun towlap, tekepbirlik edenidigi takyklanyp geçilýär.

Süre wagt - zamanyň ötdügi saýy Gurhan habarlarynyň hakykatdygynyň mälim bolup baryşyny aýtmak bilen tamamlanýar.

Bu süre öz başlanýan "Sad" harpy bilen atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Sad. Şan-şöhrat sahyby bolan Gurhana kasam ki, (elbetde, Gurhan ylahyý mugjyzadyr we elbetde, siz, eý, Muhammet, Allanyň Hak pygamberisiňiz!)

2. Belki, kapyr bolan kimseler (bu hakykaty kabul etmekden) kibri-howada we garşy durmakdadyrlar.

3. Biz olardan öň hem birnäçe asyr - öwlady (nesilleri imansyzlyklary sebäpli) heläk edenimizde, olar (başlaryna azap

düşýän wagtynda, ýardam sorap) nyda-dileg edendirler (emma ol wagg azapdan) gutulyş waggy däldi.

4.(Mekge müşrikleri) olara özlerinden (ýagny, beşer öwladyndan) bolan bir duýdu-ryjy pygamber gelendigine geňirgendiler we ol kapyrlar: "Bu bir ýalançy jadygöýdir.

5.(Şunça) hudaýlary bir hudaýa öwrüpdirmi?! Dogrudan hem, bu örän gyzykly närse!" diýdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ Mekge müşrikleri pygamber alaýhy-s-salamyň agasy Abu Talybyň ýanyna gelip: "Muhammede aýt, biziň dinimizi aýyplamagyny we hudaýlarymyzy ykarat etmegini bes etsin" diýenlerinde, olaryň talaplaryndan habardar bolan hezret: "Onda meniň birje sözümi kabul ediň ki siz ol sözüň şerapatyndan arabu - ajama patyşa bolarsyňyz" diýýär. Şonda müşrikler şatlanyp: "O nähili sözkä? Eger aýdanlaryň rast bolsa, bir däl, on sözüňem gaýtalaly diýenlerinde, pygamber aleýhy-s-salam: "Ol söz La ilähä illallah, ýagny, hiç hili ylah ýok, meger ýalňyz Alla bardyr" diýýär. Olar bu sözi eşidenlerinden soň, gazaplanyp, ýokardaky aýaty-Kerimde bar bolan sözleri aýdýarlar we pygamber alaýhy-s-salamyň, ýanyndan çykyp gidip barýarkalar...

6. Olaryň uluglary (bir-birlerine şeýle diýip, dargap) gitdiler: "Ýörüň we öz hudaýlaryňyza (sygynmakda) kanagat ediň (ýagny, üstün boluň)! Elbetde, bu ("La ilähä illallah" diýmek bizden) islenilýän (talap edilýän örän uly) närsedir.

7. Biz bu hakda (ýagny, Allanyň, ýeke-täkdigi hakynda) soňky millet - dinde (bolan adamlardan hem, ýagny, Yslamdan owalky soňky din bolan Nasranyý dindäki adamlardan hem) eşitmändik. Bu diňe bir uýdurmakdyr, bolany.

8. Biziň aramyzda (şunça baý - mertebeliler bar bolup), şoňa (Muhammede) ýatlatma - Gurhan inderiläýmelimi?!" (Bu sözleri aýtmaklaryna sebäp, öte bilimdardyklary däl), belki, olar Meniň ýatlatmam - Gurhandan şek-şübhededirler, belki, olar heniz Meniň

azabymy dadyp gören däldirler (bes, şonuň üçin Gurhanyň we pygamberiň şanyna şeýle nälaýyk sözleri aýdýandyrlar).

9. Ýa-da gudratly we sahawatly Perwerdigäriňiziň rahmet hazynalary olaryň elindemikän?!

10. Ýa-da asmanlar we Ýeriň hem-de olaryň arasyndaky bar närsäleriň patyşalygy olaryňkymykan?! Onda (olar asmana çykarýan) merdiwanlara çykybersinler (we şol ýerde durup, ýerden öz islän adamlaryna wahyý inderibersinler).

11.*(Eý, Muhammet, Mekge müşrikleri) şol ýeriň özünde ýeňiljek pyrkalaryň bir toparydyr, bolany. (Siz olaryň diýýän sözlerine perwaý hem etmäň!)*

12. Olardan öň hem Nuh kowumy (Nuhy), Aat (tiresi Hudy) we gazyklar (ýagny, ýere gazyk dek kakylan belent yhramlaryň we minaralaryň) eýesi bolan Firawun (we onuň adamlary Musany) ýalançy hasap edendirler.

13. Şonuň dek, Samud (tiresi Salyhy), Lut kowumy (Luty) we bag eýeleri (Şuaýby ýalançy hasap edendirler). Ana, şolar (hem özlerine iberilen pygamberlere garşy çykan) tirelerdir.

14. Barçasyna diňe pygamberlerini ýalançy hasap edendikleri sebäpli. Meniň azabym hak (wajyp) bolandyr. (Bes, Mekge müşriklerine hem Muhammet alaýhy-s-salamy ýalançy hasap edendikleri sebäpli, şek-şübhesiz, azap-ukybat bolar).

15. Ana, şolar(yň hemmesi) diňe asla togtaman gelýän bir apatly sese garaşýandyrlar, bolany (bes, şol ses gelende, ähli janzat gaýtadan diriler we küfr ýoluny tutan kimseler dowzah azabyna duçar bolarlar).

16. Olar (ýagny, Mekge müşrikleri ýaňsylap): "Perwerdigär-ä, bize (wada edilen azapdan ybarat) nesibämizi hasap-kitap Gününden öňräk (ýagny. şu haýýaty-dünýäniň özünde) tizräk getirse-ne" diýdiler.

17.(Eý, Muhammet), siz olaryň diýýän sözlerine sabyr ediň we Biziň bendämiz- (tagat-ybadatda) kuwwat (çydam- edermenlik) sahyby bolan Dawudy ýatlaň! Hakykatdan hem, ol (Allanyň razy bolýan hak ýoluna) gaýdyjydyr.

18. Elbetde, Biz daglary gijelerine we ertirine (ýagny, elmydam) onuň bilen bile tesbih aýdýan edip, boýun syndyryp goýduk.

19. We (her tarapdan) toplanýan guşlary hem (Dawut bilen bile tesbih aýdýan edip, boýun syndyryp goýduk. Daglar we guşlaryň) hemmesi (Dawuda etagat etmäge) bütünleý gaýdyjydyr.

20. Ýene Biz onuň mülki-döwletini güýçli - kuwwatly (bereketli) kyldyk we oňa hikmet hem-de anyk - röwşen hytap (ýagny, saýrak zyban) bagyş etdik.

21-22. (Eý, Muhammet), size (biri-birleri bilen) dawalaşýan (iki jemagatyň) habary geldimi? Şonda olar (Dawut pygamberiň ybadat edýän) ýerine çykyp, Dawudyň öňünden çykypdylar, ol (bolsa), olardan gorkdy. Olar aýtdylar: "Gorkma. (Biz) biri-birimize zulum eden iki sany dawalaşýan jemagat(dyrys). Bes, sen biziň aramyzda hak (höküm) çykargyn we (hiç tarapa) nähak (höküm) etmegin hem-de bizi tekiz - dogry ýola düşürgin".

23.(Dawagärleriň biri aýtdy): "Şeýle waka, ine, bu meniň doganym bolup, onuň togsan dokuz goýny bar, meniň bolsa, bir goýnum bar. Indi ol (şol bir goýna hem göz dikip): "Şony maňa ber" diýdi we meni dawada ýeňdi.

24.(Dawut ikinji dawagäriň sözüni diňlemezden) diýdi: "Hakykatdan hem, ol seniň goýnuňy sorap, we öz sürüsine (goşup) saňa zulum edipdir. Elbetde, köp aşna aga-iniler biri-birlerine zulum ederler. Diňe iman getiren we ýagşy amallar eden kişiler (zulum etmezler. Emma) olar örän azdyr". Dawut şundan soň, (bu wakanyň üsti bilen) Biziň ony synag edýändigimizi bildi-de, Perwerdigärinden (howlukmaç höküm çykarany üçin) magrypat etmegini sorady we (sejdä) egilen halynda ýykylyp, toba-tagsyr etdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat sejde aýatydyr.

25. Bes, Biz ony, şol (hatasy)ny magrypat etdik. Şek-şübhesiz, onuň üçin Biziň huzurymyzda ýakynlyk we gözel akybet (jennet) bardyr.

26. Eý, Dawut, hakykatdan hem, Biz seni ýerde halypa etdik. Bes, sen (nebis) islegine tirkeşip gitmegin! Onda ol seni Allanyň ýolundan azdyrar. Elbetde, Alla ýolundan azýan kimseler üçin hasap-kitap Gününi (Kyýamaty) unudanlary sebäpli, gaty azap bardyr.

27. Biz asmany we Ýeri hem-de olaryň arasyndaky bar närseleri beýhuda ýaradan däldiris. Bu (ýagny, olar beýhuda, bimaksat ýaradylan zat diýen güman) kapyr bolan kimseleriň gümanydyr. Bes, kapyr bolan kimseler üçin dowzahdan ybarat azap - heläket bolgaý!

28. Belki, Biz iman getirenleri we ýagşy amal edenleri Ýerde bozuklyk edip ýören kimseler kibi edip goýarysmy?! Belki, Biz takwalary pysky-pyjur edip ýören kimseler kibi edip goýarysmy?! (Ýok, asla beýle edilmez).

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky iki aýata şeýle düşünmek lazym. Alla tagala asmanu-zemini, olaryň arasyndaky zatlary asla beýhuda ýaradan däldir. Ol asman we ýeru - kainatdaky, barlykdaky her bir möwjudaty ýeterlik hikmet bilen ýaradyp, olary Özüniň ýerdäki halypasy bolan ynsanyň hyzmaty üçin boýun syndyryp goýandyr. Şeýle hem, Ol barlykdaky her bir

närsä özbaşdak surat we syrat bagyş edip, tä kyýamata çenli amal edilýän ýaşaýyş kanunyny belgiläp berdi. Bes, iň kiçijik zerreden başlap, iň ullakan planeta - saýýaralara çenli her bir möjudatyň Ýaradanyň şol belgiläp goýan kanunyna gürrüňsiz amal etmegi zerur. Bolmasa, ylahyý kanuny bozan bagtsyzlyga ýüz tutar hem älem tertibine putur (zeper) ýeter. Indi işbu älemiň ezizu - gadyry bar bolan bölegi we Ýer ýüzüniň halypasy bolan Ynsan üçin Alla tagala tarapyndan hasyl edilen ylahyý kanun Yslam şerigatydyr, kim, Alla iman getiren we şerigat görkezmelerine amal eden her bir Ynsanyň özi iki dünýä bagtyna ýeter hem onuň etrapyndaky älem ondan bir azar hem görmeýär. Tersine bolan ýagdaýda bolsa, ylahyý kanuny inkär edip, oňa boýun synmadyk kimseler öz ýaşap duran älemine jebri-zulum ederler. We,

ine, şu jenaýatyna görä jeza alarlar. Dogry, köp halatlarda işbu synag älemi bolan durmuşy dünýäde ýagşy bilen ýaman, zalym bilen mazlum, mömin bilen kapyr ýanma - ýan - ýagşy bahasyny, ýaman jezasyny almazdan geçibermegi hem mümkin. Emma synag geçip, pany dünýä ahyrlap, ahyret diýaryna barylandan soň, elbetde, ýer ýüzündäki halypaçylygyny ornunda goýup, iman we ýagşy amallar bilen ötenler - takwalar özleri üçin taýýarlanyp goýlan sylaglary, Ýaradany unudyp, Ýerde bozgaklyk edip öten pasyklar bolsa, hakyky jezalaryny alarlar.

29.(Eý, Muhammet, işbu Gurhan hemme adamlar onuň) aýatlaryny okap, pikir etmekleri we akyl eýeleriniň ýatlatma - ybrat almaklary üçin Biz tarapyn size hasyl eden bir gutly - mübärek Kitapdyr.

30. Biz Dawuda Süleýmany hadýa (sowgat) etdik. (Süleýman) örän ýagşy bendedir. Hakykatdan, ol (Allanyň, razy bolýan Hak ýoluna) doly gaýdyjydyr.

31. Ýatlaň, oňa bir gün gijara syçrap duran ýyndam atlar ýüzbe-ýüz kylyndy.

32. Şonda ol (şol atlara maýyl bolup, gün batmagynyň öňünde okamaly namazy kaza bolup) aýtdy: "Hakykatdan, men Perwerdigärimi ýatlamakdan (okaýan namazymdan galyp) bu

söýgüli atlary gowy görüp - söýünmäge berlip gidipdirin! Hatda (Kuýaş hem) perdäniň arkasyna geçipdir (ýagny, batyp gidipdir).

33. Ol (at)lary maňa gaýtaraweri!" Bes, ol (gylyç bilen ol atlary) aýaklaryny we boýunlaryny çapma(ga) girişdi (we olary Alla ýoluna gurbanlyk edip goýberdi).

34. Hakykatdan hem, Biz Süleýmany synag etdik we onuň tagtynyň üstüne bir jansyz jesedi taşladyk. Soňra ol toba-tagsyr edip,

35. Aýtdy: "Perwerdigärim, Özüň meni magrypat etgin we maňa özümden soň hiç kim üçin miýesser bolmajak bir mülki - döwleti hadýa edijisiň".

36. Bes, Biz oňa - onuň emri bilen onuň islän tarapyna ýeňil öwsüberýän şemaly boýun syndyryp goýduk.

37. Ýene barça (belent minaralary) bina edýän we deňizleriň içinden dürri-göwherlerini tapyp äkelýän (guwwas şeýtanlary) ýagny, jynlary hem Süleýmana boýun syndyryp goýduk.

38. Başga (boýun synmadyk jyn)lary bolsa, zynjyr bilen bagladyk.

39.(We Süleýmana diýdik): "Ine, şu Biziň (saňa) eda eden närsämizdir. Bes, sen (işbu nygmatlardan özüň, halan kişileriňe) yhsan kyl, ýa kylma (senden bu dogrudan) hasap-kitap (sorag-sowal) soralmaz.

40. Şek-şübhesiz, (Süleýman) üçin Biziň huzurymyzda ýakynlyk we gözel akybet (jennet) bardyr.

41.(Eý, Muhammet), bendämiz Eýubyň Perwerdigärine nyda kylyp: "Hakykatdan hem, meni şeýtan bela-azap bilen tutdy" diýen waggyny ýatlaň!

42.(Şonda oňa aýdyldy): "Aýagyň bilen aşagyňdaky ýeri depgin!" (ol Allanyň emrini berjaý etdi, şol ýerden bir çeşme atylyp gitdi. Soň oňa

aýdyldy): "Ine, şu muzdek ýuwunylýan we içimlik suwdur". (Haçanda Eýup ol suwa çümüp, soň ondan içip barça äşgär we gizlin dertlerinden derhal dowa tapdy).

43. We Biz Öz tarapymyzdan mähribanlyk görkezip hem-de akyl eýeleri üçin ýatlatma - ybrat bolsun diýip, (Eýuba) ähli ilini we olar bilen goşup, ýene şolaryň sanyça (bala-çaga) hadýa (sowgat) etdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Eýup pygamber we onuň ähli ili hakynda Enbiýa süresiniň 84-nji aýatynyň aşagynda jikme-jik düşündiriş berlipdi.

44.(Ýene Biz Eýuba aýtdyk): "Goluňa bir agaç (şahasyny) alyp, onuň bilen (aýalyňy) urgun - kasamyňy bozmagyn".

DÜŞÜNDIRIŞ. Eýub alaýhy-s-salam syrkaw çagynda oňa sereden aýaly bar gün perwaý- syzlyk edende, ýüregi agyryp: "Sagalanymdan soň, elbetde, men seni ýüz gamçy bilen uraryn" diýip kasam içen ekeni. Şu sebäpden, şypa tapanyndan soň, Alla tagala oňa içen kasamyny bozmazlygy üçin ýuz çybygy bir ýere baglap, şonuň bilen aýalyny bir gezek urmagy emr etdi.

Hakykatdan hem, Biz (Eýuby) sabyr ediji halda tapdyk. Ol örän ýagşy bendedir. Hakykatdan hem, ol (Alla razy bolýan ýola) bütünleý gaýdyjydyr.

45.(Eý, Muhammet), siz Biziň güýç-kuwwat we pähim-parasat eýeleri bolan bendelerimiz - Ybraýymy, Ishaky we Ýakuby ýatlaň!

46. Hakykatdan hem, Biz olary bir arassa (duýgy) mydam ahyret diýaryny ýatlamak (duýgusy) bilen halis etdik - päkledik.

47. Hakykatdan hem, olar Biziň huzurymyzda oňlanan ýagşy kişilerdendir.

48. Ýene Ysmaýyl, al-Ýasa (Ýuwşa pygamber) we Zul-Kifli ýatlaň! Barçasy ýagşy kişiler- dendir.

49. Bu (Biziň size sözlän kyssalarymyz) bir ýatlatmadyr. Şek-şü6hesiz, takwalar üçin gözel akybet –

50. Olar üçin hemme derwezeleri doly açyk ebedi jennetler bardyr.

51. Olar ol ýerlerdäki (sekilerde) ýassanyp oturyp, bol-elin (ýagny, islänleriçe) miwe we şerap sorarlar.

52. We olaryň öňlerinde gözlerini (nämähreme bakmakdan) saklaýan (ýaş husunda) deň-duş (gyz)lar bolar.

53. Bu size hasap-kitap (ýagny, Kyýamat) güni üçin wada edilen iärselerdir.

54. Şek-şübhesiz, bu Biziň (jennet iline eda eden) rysky-ruzlarymyz 6olup, oňa gutarma ýokdur.

55.(Hakykat) şudur. (Indi) hiç şek-şübhesiz, hetden aşyjy, garşylyk görkezýän kimseler üçin iň ýaman akybet –

56. Olaryň girýäni - jähennem bardyr. Bes, nägadar ýaman jaý ol!

57. Ine, şu gaýnag suw we iriňdir! Bes, olar şony dadyp görsünler!

58. Başga (azap-ukubetler) hem şoldur, şol şekilde bolar.

59.(Dowzaha giren wagtlarynda kapyrlaryň baştutanlaryna pany dünýäde olara eýeren kimseler görkezilip); "Ine, şu (adamlar) siz bilen bile (ýagny, siz sebäpli jähenneme) taşlanyljak jemagatdyr" (diýlende, baştutanlar aýtdylar): "Hoş gelmediler! Hakykatdan, olaryň özleri dowzaha girmeli kimselerdir".

60. Olar (ýagny, eýerijiler baştutanlara) diýdiler: "Ýok, siz hoş gelmediňiz! (Çünki) siz şol (azaby) bize getirdiňiz! Bes, nägadar ýaman jaý (bu dowzah)!".

61. Olar (ýene) diýdiler: "Ýa Perwerdigär, kim bize, şu (azab)y getiren bolsa, bes, Özüň oňa dowzahda azaby birnäçe esse zyýada kylgyn".

62.(Jähennem eýeleri bir-birine)aýtdylar: "Näme biz (dünýädekäk) ýaman hasaplap öten kişilerimizi (ýagny, möminleri dowzahda) göremzokla?!

63. Biz şolary masgara etdikmi?! Ýa-da (olar hem biz bilen, ine, şu jähennemde bile bolup), gözlerimiz agyp (olary görmän galdykmy?!")

64. Elbetde, dowzahdaky iliň, ana, şeýle dalaşyl-dartyşmaklary hakdyr - anykdyr.

65.(Eý, Muhammet, Mekge müşriklerine), aýdyň: "Men diňe bir duýduryjydyryn, bolany. Hiç hili ylah ýok, meger ýeke-ýalňyz ýeňiji Alla bardyr.

66. Ol asmanlar we Ýeriň hem-de olaryň arasyndaky bar närseleriň gudratly we magrypatly Perwerdigäridir".

67. Aýdyň: "Şol (ýagny, meniň size ýetirýän şu sözlerim) ulug bir habardyr.

68. Siz bolsa, ondan ýüz öwürýärsiňiz!

69. Mende (Adamyň Ýer ýüzünde halypa edilişi dogrusynda Alla tagala bilen) jedelleşen perişdeler hakynda bilim ýokdy.

70. Maňa diňe özümiň açyk - röwşen duýduryjydygym wahyý kylyndy, bolany".

71. Ýatlaň, Perwerdigäriňiz perişdelere diýipdi: "Elbetde, Men laýdan bir adam ýaratjak.

72. Bes, haçan ony rastlap, oňa Öz ruhumdan üfläp girizenimden soň, oňa sejde edip, ýykylyň!"

73. Bes, perişdeleriň barça-barçalary (Adama) sejde kyldylar.

74. Meger, Iblis kibri-howa kylyp, kapyrlardan boldy.

75.(Şonda Alla) aýtdy: "Eý, Iblis, Meniň Öz gudrat golum bilen ýaradan närsämi - Adama sejde kylmakdan seni näme saklady?! Men-menlik etdiňmi ýa-da sen (Adama görä) mertebeli zatlardanmy?!"

76. Ol aýtdy: "Men ondan ýagşyrakdyryn. Sen meni otdan, ony bolsa, laýdan ýaratdyň".

77.(Alla) aýtdy: "Bes, ondan (ýagny, jennetden) çyk! Indi sen, şek-şübhesiz, (Meniň dergahymdan) kowlan - melgun sen.

78. We, elbetde, tä jeza (kyýamat) gününe çen saňa Meniň lagnatym bolar".

79.(Iblis dileg edip) aýtdy: "Perwerdigärim, onda maňa olar dirilýän Güne çen (ölmän ýaşamak uçin) möhlet bergin".

80-81. (Alla) aýtdy: "Bar, saňa mälim wagt ýetip gelýän Güne çenli (kyýamata çenli) möhlet berildi".

82.(Iblis) aýtdy: "Indi Seniň gudratyňa kasam ki, elbetde, olaryň hemmesini ýoldan azdyrar men.

83. Meger, olaryň arasyndaky (käbir) päkize bendeleriň (hak ýoldan azman galar)".

84-85. (Alla) aýtdy: Hakga (kasam). Diňe Hakny aýdar men ki, elbetde, Men jähennemi sen we (adamlaryň) arasynda saňa tirkeşen kimseler bilen dolduraryn!"

86.(Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Men (Gurhany ýetirenim üçin) sizden hak-heşdek soramaýaryn we men tamakinlerden (ýagny, ýalandan pygamberlige dawa edýän kimselerden) hem däldirin.

87.(Işbu Gurhan) diňe barça adamlar üçin (Alla tagala tarapyn inderilen) bir ýatlatmadyr, bolany.

88. Elbetde, siz onuň (ylahyý wahyýdygy hakyndaky) habary (az) wagtdan soň (ýagny, kyýamat güni) bilersiňiz".

39. MÄHELLE SÜRESI

Mekge sürelerinden bolan bu süre ýetmiş bäş aýatdyr,

Süre Gurhany Kerimiň Alla tagala tarapyndan hasyl edilen Kitapdy-gyny takyklamak bilen başlanýar. Onda pygamber alaýhy-s-salam we ähli ynsanlara ýalňyz Alla üçin yhlas bilen ybadat etmek buýrulýar. Bü sürede Ýeru asman we olaryň arasyndaky barça möwjudaty - barlygy ýokdan bar eden Alla tagalanyň her bir zada özüne has bolan surat we syrat bagyş edenligi we olaryň her birine özbaşdak wezipe ýükläp goýandygy, diýmek, bu älem kärhanasyndaky her bir närsäniň diňe Ýaradanyň buýran we mümkinçilik beren iş-amalyny edip ötmeginiň anykdygy aýdylyp geçilýär.

Soňra ynsana Alla tagaladan özge bir kimsä-de, bir närsä-de sygynmagyň, ybadat etmegiň dürs däldigi dogrusynda sözlenip, diňe bir Eýä boýun synyp, diňe onuň emri-permanyny berjaý etmäge we diňe ony razy etmäge hereket edýän hyzmatkär bilen, birnäçe hojaýynyň arasynda galyp, olaryň haýsysynyň göwnüni aljagyny bilmän, haýsy birini razy etmegiň mümkinçiligini tapyp bilmän, çykalgasyz galan hyzmatkäriň deň - barabar däddigi hakynda ybratly mysal getirilýär.

Süräniň ahyrynda magşar günündäki hasap-kitap teswirlenip, ol Günde hiç kime zulum kylynmazlygy, päk iman we ýagşy amallar bilen ýaşap öten möminleriň, top-top ýagdaýda jennete, küfri-isýan bilen öten kapyrlaryň bolsa, bölek-bölek, topar-topar edilip, jähenneme kowulyşy hakynda habar berilýär. Süräniň "Zumar" - «Toparlar» ýa-da "Mähelle" diýip atlandyrylmagynyň sebäbi şudur.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

!. (Işbu Gurhan) gudratly we hikmetli Alla tarapyn hasyl edilen) Kitapdyr.

2. (Eý, Muhammet), elbetde, Biz size bu Kitaby hak - rast inderdik, bes, siz Allaga - Onuň üçin kalbyňyzy päk saklan halyňyzda ybadat Kylyň

3.(Eý, ynsanlar), habardar boluň, kim, päk din ýalňyz Allanyňkydyr (ýagny, ýalňyz Allaňyz çyn yhlas bilen ybadat kylmaga laýykdyr.) Ondan özge "dost"laryny ("hudaý") edinen kimseler: "Biz (şol "hudaý"larymyza) diňe olaryň bizi Allaga ýakyn etmekleri üçin ybadat edýäris" (diýerler). Şek-şübhe ýok ki, Alla (kyýamat gününde) olaryň edýän işleri dogrusynda olaryň arasynda höküm eder. Şek-şübhe ýok ki, Alla ýalançy we biwepa kimseleri hidaýat etmez.

4. Eger Alla Özüne perzent almak islese, gep-sözsüz Öz ýaradan närselerinden (bendelerinden) islänini saýlap alardy. Ol (beýle aýypdan) päkdir. Ol ýeke-ýalňyz we üstün (çykyjy) Alladyr.

5. Ol asmanlary we Ýeri hak (kanun) bilen ýaradandyr. Ol gijäni gündiziň üstüne düşürer, gündizi gijäniň üstüne düşürer. Ol Güni hem, Aýy hem (Öz emrine) boýun syndyryp goýandyr. (Olaryň) her biri mälim mütdete çenli akyp durar (hereketde bolar). Habardar boluňlar kim, Ol gudratly we tükeniksiz magrypatly (zatdyr).

6. Ol sizi bir jandan (Adamdan) ýaratdy, soňra ondan jübütini (ýagny, Howany peýda) kyldy we siz üçin çarwa haýwanlardan sekiz jübütini inderdi (dünýä getirdi). Ol sizi eneleriňiziň garnynda üç (gat) zulmat içinde ýuwaş-ýuwaşdan ýaradar. Ine, şu Alla Perwerdigäriňizdir. Barça patyşalyk ýalňyz Onuňkydyr. Hiç hili ylah ýok, meger, Onuň Özi bardyr. Bes, (ýene Oňa ybadat etmän) nirä öwrülip gitjeksiňiz?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty Kerimdäki sekiz çarwa haýwan diýilýäni: düýe, sygyr, goýun we geçiniň erkek we urkaçy jynslarydyr. Çünki, olardan her bir jyns wekili öz tohumyndaky jyns wekiline görä jübüt hasaplanýar. Şunlukda, bu dört dürli haýwan erkek we urkaçy bolup, sekiz jübütdir.

Indi ene garnyndaky üç gat zulmat - garaňkylyk: ene garny, ýatgy we çaganyň ýoldaşydyr. Çagaiyň asta-ýuwaş ýaradylyşy bolsa, onuň ene garnynda owal nufta, soňra lagta gan, soňra bolsa, ete - süňke öwrülip barşydyr.

7. Eger siz kapyr bolsaňyz, bes, elbetde, Alla sizden bihajatdyr. (Emma) ol Öz bendeleriniň kapyr bolmagyna razy bolmaz. Eger şükür etseňiz (we iman getirse- ňiz), ol siziň (diňe şükür edip, iman getirmegiňize) razy bolar. Hiç hili göteriji (ýagny, günäkär jan) özge janyň ýüküni (günäsini) götermez. Soňra ýalňyz Perwerdigäriňize gaýdyşyňyz bardyr. Bes, Ol size edip öten amallary-ňyzyň habaryny berer. Elbetde, Ol ýüreklerdäki syrlary bilýändir.

8. Haçan ynsany bir zyýan tutsa, ol Perwerdigärine toba-tagsyr, doga-dileg eder. Soňra haçan (Alla) Öz tarapyndan oňa bir nygmat bagyş etse (ynsan) öňki (Alla) eden doga-dileglerini unudar we (özgeleri hem) Allanyň ýolundan azdyrmak üçin Oňa "deň"leri (oýlap) tapar. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Sen öz küfrüň bilen (bu ötegçi dünýäde) azajyk peýdalanyp gal! Şek-şübhesiz, sen dowzah eýesi (bolarsyň).

9. Ýa-da gijeler sejde eden we doly dik duran ýagdaýda tagat-ybadat eden, ahyretden gorkýan we Perwerdigäriniň rahmet-merhemetinden umyt edýän kişi (bilen küfru - isýana gark bolan kimse barabar bolarmy)?!,, Aýdyň: "Bilýänler bilen bilmeýän kimseler deň bolarmy?!" Hakykatda, diňe akyl eýeleri pent-nesihat alarlar.

10. (Eý, Muhammet), Meniň iman getiren bendelerime aýdyň: "Perwerdigäriňizden gorkuň! Bu dünýäde gözel amal edenler üçin (ahyretde) gözel (akybet-jennet) bardyr. Allanyň ýeri giňdir. Hiç hili şek-şübhe ýok ki, sabyr-takat edýänlere sylaglary hasap-kitapsyz kemsiz – doly berler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatda söz hijret hakyndadyr: Perwerdigärden gorkup, takwalyk bilen ýagşy amal edenleriň amallarynyň zaýa bolmajagy aýdylyp, indi eger kişi öz watanynda zalym häkim ýa-da näsaz düzgin sebäpli, Alla tagala ybadat etmekden mahrum edilse, onda özge ýurtlara — Alla tagala päsgelsiz tagat-ybadat etmek mümkin bolan ýerlere hijret etmegi wajyp bolup, ýaradan Allanyň ýeriniň giňdigi düşündirilýär din-iman ýolunda öz diýarlaryndan hijret eden - çykyp giden, aýra düşen we mysapyrlyga, mähnete-kynçylyga sabyr-takat eden kişiler üçin bihasap sylag-sogap boljakdygy aýdylýar.

11. Aýdyň: "Hakykatdan, men Allaga dinimi päkläp, ybadat etmäge buýrulandyryn.

12. We men musulmanlaryň - boýun synýanlaryň owaly - baş gadamçysy bolmaga buýrulandyryn".

13. Aýdyň: "Elbetde, eger men Perwerdigärime asy bolsam, ulug Günuň azabyndan gorkar men".

14. Aýdyň: "Men ýalňyz Allaga dinimi päklap, ybadat kylar men".

15. Indi siz bolsa, (eý, müşrikler), Ony goýup, öz halan butlaryňyza ybadat ediberiň (ýakynda bu çirkleriňiziň akybetiniň nähili boljagyny örän gowy bilersiňiz)?!" (Eý, Muhammet, eger ata-babalaryň dininden çyksaň, zyýana galarsyň" diýen müşriklere) aýdyň: "Elbetde, zyýana galýanlar kyýamat gününde özlerine hem, ähli iline hem zyýan ediji (ýagny özi hem müşrik bolup, ähli ilini hem Allanyň ýolundan azdyrany sebäpli, dowzah azabyna giriftar bolujy) kimselerdir. Ägä boluň, kim, ana, şol açyk zyýankärlikdir".

16. Olar üçin üstlerinden hem alawdan bolan "saýawan", astlaryndan hem (alawdan bolan) "saýawan" bolar. Bu (boljak azap-ukubet) bilen Alla Öz bendelerini gorkuzar. Eý, bendelerim, Menden gorkuň!

17-18. Şeýtandan - oňa ybadat - etagat etmekden yrak bolan we Allaga (ýagny, ýalňyz Allaga ybadat etmäge) gaýdanlar üçin (jennet)

hoşhabary bolsun! Bes, (eý, Muhammet), Meniň bendelerime - söze gulak asyp, onuň iň gözeline (ýagny, najata eltiji rast Söze) eýerenlere hoşhabar beriň! Ana, şolar Allanyň hidaýat kylanlarydyr. We, ana, şolar akyl eýeleridir.

19. Eýsem, bir kimsäge azap Sözi (ýagny, azaba duçar boljagy) hak bolsa, (siz ony dogry ýola salmaga kadyr bolarmysyňyz) ?! Eýsem siz dowzahdaky kimsäni gutaryp biler -misiňiz?!

20. Emma Perwerdigärinden gorkanlar üçin (jennetde) gat-gat gurlan öýler bolup, olaryň astyndan derýalar akyp durar. (Bu) Allanyň wadasydyr! Alla wadasyna dönük bolmaz.

21. Allanyň asmandan suw (ýagyş-gar) ýagdyryp, ony ýerde bulak-çeşme edip akdyryp goýandygyny görmediňizmi? Soňra ol (suw)uň ýardamynda reňbe-reň ekin-dikin çykarar, soňra ol (giýahlar) gurar, bes, siz ony saralan halda görersiňiz, soňra (Alla) ony has-haşala öwrer. Elbetde, munda akyl eýeleri üçin ýatlatma - ybrat bardyr.

22. Eýsem, Allanyň Yslam üçin göwsüni giň edip goýan, bes, özi Perwer- digäri tarapyndan bir nur - hidaýat üstünde bolan kişi (küfr zulmatlarda azaşyp ýören kimse bilen deň bolarmy)?! Bes, ýürekleri Allany islemekden gatap galan (ýagny, Allany islemegi terk eden) kimselere heläket bolgaý! Olar açyk zelalatdadyrlar!

23. Alla iň gözel Sözi (aýatlary parasatda we kämillikde) bir-birine meňzeýän, (içindäki hökümleri) tekrar - tekrar gelýän bir Kitap - Gurhan edip hasyl etdi ki, (ondaky Allanyň azaby hakyndaky aýatlar tilewat edilende - okalanda) Perwerdigärinden gorkýanlaryň (bedenleri) sarsyp gider, soňra endamlary hem, kalplary hem Allanyň zikrine ýumşar - maýyl bolar. Ine, şu (Kitap) Allanyň hidaýatydyr ki, oňa (bu Kitaba) Özi islän kişilerini hidaýat eder. We

kimi Alla ýoldan azdyrsa, bes, onuň üçin birem hemaýatçy bolmaz.

24. Eger Kyýamat Gününde ýaman azapdan (diňe) öz ýüzi bilen saklanýan kimse (ol Gündäki her hili azapdan hatyrjem kişi bilen deň bolarmy?!) ol Günde) zalym-kapyrlara "Öz kesp edip öten närsäňizi (ýagny, dinsizlik miwesini) dadyp görüň" diýildi.

DÜŞÜNDIRIŞ. "Kyýamat günündäki ýaman azapdan öz ýüzi bilen saklanýan kimse" diýilende, gollary zynjyrly bolany sebäpli, ýüzüni dowzah odundan sowmaga kadyr bolmaýan we akybet - netijede şol alawda ýüzi köýýän kimseler duşünilýär.

25. (Olardan owalkylar hem öz pygamberlerini) ýalançy hasap edenle-rinde, olara azap öz garaşmaýan taraplaryndan gelipdi.

26. Bes, Alla şu pany dünýäde olara, ine, şu ryswalygy dadyrdy. Şek-şübhesiz, ahyret azaby ýene gatyrakdyr. Eger olar (Allanyň azabyny) bilselerdi (öz pygamberlerini ýalançy hasap etmezdiler).

27. Anyk ki, biz işbu Gurhanda adamlara dürli mysallar getirdik. Belki, ýatlatma - ybrat alarlar.

28.(Biz ony) birem egrilik eýesi bolmadyk araby Gurhan halynda (hasyl etdik). Belki (Alladan) gorkarlar.

29. Alla (şeýle) bir mysal getirdi: bir gul bar ki, onuň üstünde dawalaşýan şärikler (ýagny, hojaýynlar) bar ýene bir gul bar ki, ol tutuşlygyna hojaýy-nyňkydyr. Ikisiniň mysaly deň bolarmy?! (Ýok, deň bolmaz. Edil şunuň ýaly birnäçe "hudaý"lara sygynýan müşrik bilen, ýalňyz Alla bendelik edýän mömin hem deň-barabar bolmaz). Hamdy – sena Alla üçindir. Ýok, olaryň köpüsi (muny) bilmezler, (bes, ana, şol sebäpden dürli "hudaý"lara sygynarlar).

30.(Eý, Muhammet), hiç şek-şübhesiz, siz hem ölümlisiňiz, olar hem ölümlidir.

31. Soňra elbetde, Kyýamat Gününde Perwerdigäriňiziň huzurynda (biri-birleriňiz bilen) çekişip-dartyşarsyňyz (we siz öz borjuňyzdaky pygamberligi kemsiz berjaý edeniňize delil getirersiňiz, olar bolsa, sizi ýalançy hasap edip, küfri-zelalatda ötenleri üçin dürli bahanalar gözlärler, emma Allanyň adalatly höküminden gaçyp gutulyp bilmezler)!

32. Eýsem, Alla şanyna (Onuň şärigi we perzendi bar diýip) ýalan sözlän we Rast - Gurhany özüne gelip ýeten wagtyň özünde (oýlanman, zat etmän), ýalan diýen kimseden hem zalymrak bir kimse barmy?! Ýa jähennemde kapyrlar üçin ýer ýokmy?!

33. Rast - Gurhany getiren (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salam) we ony tassyk eden (oňlan möminler) - ana, şolar takwalardyr.

34. Olar üçin Perwerdigäriniň huzurynda (ýagny, jennetde) özleriniň isleýän (köňül- leriniň dileýän) närseleri bardyr. Bu gözel amal edýän kişileriň sylagydyr.

35. Çünki, Alla olaryň eden ýaman amallaryny öçürip, (olaryň) edip öten iň gözel amallarynyň sogaby bilen sylaglar.

36. Alla Öz bendesini (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salamy, ony barça beladan - kazadan goramak üçin) ýeterlik dälmi?! (Eý, Muhammet), olar (kapyrlar) sizi (Alladan) özge butlary bilen gorkuzarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Kureýş kapyrlary pygamber alaýhy-s-salamy "Sen biziň hudaýlarymyzy aýyplaýanyň sebäpli, olar seni heläk edäýmesin diýip, gorkuzjak bolanlarynda, şu aýat hasyl bolup, Alla Özüniň bendesini her hili ýamanlykdan goramaga kadyrdygyny aýdýar we butlara - senemlere sygynýanlary ýoldan azanlar diýip atlandyrýar.

Kimi Alla ýoldan azdyrsa, ony dogry ýola düşürjek ýokdur.

37. Kimi Alla dogry ýola düşürse, bes, ony birem ýoldan azdyrjak ýokdur. Alla gudratly we (Öz duşmanlaryndan) öç alyjy dälmi?! (Ol elbetde, öç alyjydyr!)

38. Kasam ki, eger siz olardan: "Asmanlary we Ýeri ýaradan kim?" diýip sorasaňyz, elbetde, olar "Alla" diýerler. Aýdyň: "Indi hany onda habar beriň, siziň Allany goýup, doga-dileg edýän butlaryňyz - eger Alla maňa bir zyýan ýetirmek islese, şol (butlar) Onuň zyýanyny bökdäp bilerlermi ýa-da (Alla) maňa bir merhemet etmegi erada etse, şol (butlar) Onuň merhemetini saklap bilerlermi?!" Aýdyň: "Maňa Allanyň Özi ýeterlik-dir! Töwekgel edýänler - söýenjekler ýalňyz Oňa töwekgel ederler".

39-40. Aýdyň: "Eý, kowumym, ornuňyzdan gozganman (ýagny, küfrüňizden gaýtman) amalyňyzy ediberiň. Men hem (Perwerdigärimiň buýran) amalyny eder men. Bes, ýakynda kime ryswa edýän azap geljegini we (kime) ebedi azap injegini bilersiňiz!"

41. Elbetde, Biz size bu Kitaby (Gurhany) hemme adamlaryň (bilip, amal etmekleri) üçin hak-rast inderdik. Bes, kim dogry ýola ýörse, öz peýdasyna ýörer. Kim (dogry ýoldan) azsa, diňe öz zyýanyna azar. Siz olaryň üstünde wekil - goragçy dälsiňiz.

42. Alla (bendeleriniň) janyny ölüm pursatynda (we häli-heniz) ölmediklerini (ukuda bolanlary) bolsa, (şu) uky pursatynda - alar. Bes, Özi ölüme höküm eden janlaryny (olary bedenlerine gaýtarmazdan, tutup galar, başga- laryny bolsa, bellenen bir mütdete çenli, (ýagny, ajal sagatlary ýetinçä) goýar. Elbetde, munda tagapyl edýän kowum üçin aýat - ybrat bardyr.

43.(Ýok, müşrikler tagapyl kylmadylar) belki, olar Alladan özge "aklaw"çylaryny (ýagny, öz gümanlaryça, olara Alla huzurynda şepagat edýän "aklaw"çylaryny - butlaryny) tutdular. (Eý,Muhammet), aýdyň: "(Şol jansyz butlar sizi çyndan hem

aklarmy?!) Eger olar bir närsä-de eýe bolmasalar we (bir närsäni) aňlatmaýan bolsalar hemmi?!"

44. Aýdyň: "Barça şepagat - aklaw ýalňyz Allanyňkydyr. Asmanlaryň we Ýeriň patyşalyga hem Onuňkydyr. Soňra (barçalaryňyz) ýalňyz Oňa gaýtarylarsyňyz".

45. Haçan ýalňyz zikr Alla edilse, ahyrete iman getirmeýän kimseleriň ýürekleri gysylyp gider. Haçan Ondan özge butlar zikr edilse, olar çensiz şatlanarlar.

46. Aýdyň: "Allahym, (eý) asmanlary we Ýeri ilki ýaradyjy, (eý) gaýyby - şahadaty (ýaşyryn we äşger närsäleri) biliji, ýalňyz Özüň bendeleriň arasynda olaryň dawalaşyp öten närsäleri hakynda höküm eder Sen".

47. Eger zalym - kapyr kimseler üçin Ýerdäki bar närse we onuň bilen bile ýene şonuň misiliçe närse bolsa, elbetde, olar Kyýamat Günündäki azabyň ýamanlygyndan, şol (gollaryndaky bar närselerini) töleg edip bererdiler. (Çünki, ol Günde) olara Alla tarapyn olaryň ýadyna-da düşmedik närseler - azaplar göründi.

48. Olara öz kesp edinen ýamanlyklary äşgär boldy we olary - özleriniň (dünýäde çaglarynda) ýaňsylap öten azaplary gurşap aldy.

49. Bes, haçan ynsany bir zyýan tutsa, ol Bize doga-dileg eder. Soňra haçan Biz öz tarapymyzdan oňa bir nygmat bersek, ol: "Hiç şek-şübhesiz, bu (nygmat) maňa özümiň bilimdar(lygym) - danalygym sebäpli berildi" diýer. (Ýok, ol nygmat şol ynsan oňat hereket edeni we dana bolandygy üçin berlen däl-de,) belki, ol (şol bendäniň şükür ýa-da näşükürlik edýänligini bilmek üçin) bir synagdyr. Ýöne olaryň köpüsi bilmezler.

50. Ony (ol sözi) olardan owalkylar hem aýdypdylar. Ýöne olary öz kesp eden närsäleri halas etmedi.

51. Gaýta, olara (öz) eden ýamanlyklary ýetdi. Ana, şolardan (Mekge müşriklerinden) bolan zalym kimselere hem ýakynda öz eden ýamanlyklary ýeter. Olar hem gaçyp gutulyp bilmezler.

52. Eýsem, olar Allanyň Öz islän kişisiniň ryskyny giň edişini we (Öz islän kişisiniň ryskyny) dar (ölçegli) edişini bilmedilermi?! Elbetde, munda iman getirýän kowum üçin aýat-ybratlar bardyr.

53.*(Eý, Muhammet, dürli günäler - haram işler etmek bilen) öz janlaryna jenaýat edýän Meniň bendelerime aýdyň: "Allanyň rahmet- merhemetinden näumyt bolmaň! Elbetde, Alla (Öz islän bendeleriniň) hemme günälerini geçirer. Çünki, Onuň Özi geçirimlidir, mähribandyr.*

54. Size azap gelip, soňra ýardam berilmän galmagyndan öň (ýagny, Allanyň bir bela-kazasyna duçar bolman ýörüp), Perwerdigäriňize gaýdyň (toba-tagsyr ediň) we Oňa boýun synyň!

55. Size özüňiz duýmadyk ýagdaýyňyzda duýdansyz azap gelmezinden öň, Perwerdigäriňiz tarapyndan - size hasyl edilen iň gözel zada – Gurhana eýeriň!

56. Islendik bir janyň: "Alla hakynda (ýagny, oňa tagat-ybadat etmekde) sustkeşlik edenime nedamat bolgaý! Dogrudan hem men (Allanyň dinini we Gurhanyny) ýaňsylapdym" diýmeli bolmazlygy üçin;

57. Ýa-da: "Eger Alla meni dogry ýola düşürenliginde, elbetde, takwa bolardym" diýmeli bolmazlygy üçin;

58. Ýa-da azaby gören çagynda: "Wah, meniň üçin ýene bir gaýra (ýaşamagyň mümkinligi) bolsady, menem gözel amal edýänlerden bolsadym" diýmeli bolmazlygy üçin (Gurhana eýeriň)!

59.*(Gurhana eýermediklere Alla tarapyndan aýdylar): "Ýok, (Men saňa hidaýat ýoluny görkezipdim) sen bolsa, saňa Meniň aýatlarym*

gelende, olara ýalan diýipdiň we men-menlik edip, kapyrlardan bolupdyň!"

60. Kyýamat gününde Allanyň şanyna ýalan sözlän kimseleri ýüzleri gara halda görersiňiz. Ýa-da (beýle) tekepbir kimseler üçin jähennemde jaý ýokmy?!

61. Alla takwalyk edenleri (jennete) ýetenleri sebäpli (jähennem azabyndan) azat eder we olara bir ýamanlygam ýetmez we olar gamgyn hem bolmazlar.

62. Alla ähli närsäniň Ýaradyjysydyr. ol barça zadyň üstünden wekil -howandardyr.

63. Asmanyň we Ýeriň açarlary Onuň (gol astyndadyr). Alla aýatlaryna kapyr bolan kimseler - ana, diňe şolar zyýan görjeklerdir.

64.(Eý, Muhammet, ol müşriklere) aýdyň: "Eýsem, siz meni Alladan özgä ybadat etmäge buýrýarmysyňyz, eý, nadanlar?!"

65. Hakykatdan, size hem, sizden owalky (pygamberlere) hem (şeýle) wahyý edilendir: "Kasam ki, eger müşrik bolsaň, elbetde, amalyň beýhuda gider we, elbetde, zyýan görjeklerden bolarsyň!

66. Ýok, sen ýalňyz Alla ybadat etgin we şükür edýänlerden bolgun!"

67. Olar (müşrikler) Allany dogry tanap bilmediler! Bütin Ýer kyýamat gününde - Onuň (Allanyň) elindedir. Asmanlar bolsa Onuň gudrat golunda jemlenendir. Ol olaryň çirklerinden päk we belentdir.

68. Sur çalyndygy asmanlar we Ýerdäki bar janzat öldi, meger, Allanyň halan zatlary (diri) galdylar. Soňra ol ikinji gezek çalyndy-da, olar öz erksiz (ýagny, barça halaýyk gaýtadan dirildi we gabyrlaryndan) turup, (Allanyň emrine) göz tutarlar (göz tutdular).

69. Ýer (magşargäh) Perwerdigäriň nury bilen nurlandy, kitap-namaýy amal (hasaplaşmak üçin häzirläp) goýuldy, pygamber we güwäler getirildi we olaryň (ýagny, barça bendeleriň) aralarynda (birine-de) zulum edilmän, hak (höküm) bilen höküm edildi.

70. We her bir jana eden amaly(nyň sylagy ýa-da jezasy) kämil edip berildi. (Alla) olaryň eden işlerini ýagşy biler;

71. We kapyr bolan kimseler topar-topar edilip, jähenneme kowuldy. Tä haçan olar (jähenneme) gelip ýetenlerinde, onuň derwezeleri açyldy we onuň saklawçylary (kapyrlara): "Size özüňizden bolan pygamberler -Perwerdigäriňiziň aýatlaryny size tilewat eden ýagdaýda we size, ine, şu Günüňizdäki mylakaty duýduran ýagdaýda gelmänmidiler?" diýenlerinde, olar: "Hawa, (gelipdiler), emma azap Sözi kapyrlara hak bolandyr, (bes, biz hem küfr edip, pygamberleri ýalançy hasap edenimiz üçin ine, şu azaba giriftar bolduk") diýdiler.

72.(Şonda olara) aýdyldy: "Jähennem derwezelerinden giriň! Siz şol ýerde ebedi galarsyňyz!" Bes, kibri-howa edýän kimseleriň (barjak) jaýlary şeýle ýamandyr!

73. Perwerdigärinden gorkanlar bolsa, top-top halda jennete "kowuldylar". Haçanda olar derwezeleri açylan (jennete) gelip ýetenle-rinde we onuň saklawçylary: "Size dynçlyk - amanlyk bolsun! Hoş geldiňiz! Bes, oňa ebedi galyjy bolan halyňyzda giriň! diýenlerinde, (olar çäksiz şatlanarlar).

74. We "Bize beren wadasyna rast bolan we bizi bu (jennet) ýerine warys (eýe) hem-de jennetden öz islän tarapymyzdan orun almaga (eýe eden) Allaga hamdy-sena bolsun" diýerler. Bes, (gözel) amal edýänleriň sylag - sogaby şeýle ýagşydyr!

75.(Eý, Muhammet), siz (şol Günde) perişdeleriň arş etrabyny gurşap alan ýagdaýlarynda (Perwerdigärine hamdy-sena aýtmak bilen Allany) päkläp, tesbih aýdýandyklaryny görersiňiz. (Elbetde) olaryň (ýagny, barça bendeleriň) arasynda hak (höküm) bilen höküm edildi. We: "Hamdy-sena barça älemleriň Perwerdigäri bolan Alla üçindir!" diýildi.

40. GAFUR SÜRESI

Gurhany Kerimdäki süreler tertibinde ýerbe-ýer ýerleşip, Ha, Mim harplary bilen başlanýan ýedi süräniň owalkysy bolan bu süre Mekgede hasyl bolupdyr. Ol segsen bäş aýatdan ybaratdyr.

Süräniň başynda işbu Gurhany inderen Alla tagalanyň ulug sypatlaryndan birnäçesi sanap geçilýär. Olaryň biri "Gafur" - "Magrypat kylyjy" sypaty bolup, süre, ine, şu sypat bilen atlandyrylandyr.

Bu sürede hem söz beýleki Mekge sürelerinde bolşy ýaly, Yslamy kanun dogrusynda söz açylyp, hak bilen batyl, iman bilen imansyzlyk arasyndaky Adam ata döwründen beýläk dowam edip gelýän göreş ylahyý galam bilen ýazyp berilýär. Bu sürede perişdeleriň Ýaradandan gije-gündiz möminleriň günäsini geçirmegini - magrypat etmegini sorap, doga-dileg edýändikleri habar berilýär. Şeýle hem, Musa pygamber bilen Firawunyň arasynda bolup geçen majaralar - dawa-jenjeller beýan edilip, başga sürelerde zikr edilmedik bir bölek doly teswirlenýär ki, ol Firawunyň öýünde bolup, Alla tagala iman getirenini duýdurman, syr saklap ýören bir mömin kişiniň kyssasydyr. Şonuň üçin bu süräni käbir ulamalar "Mömin" süresi diýip hem atlandyrýarlar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ha. Mim.

2-3. (Işbu Gurhan) gudratly we biliji, günäni magrypat kylyjy, toba-tagsyry kabul ediji, azaby gaty we haýyr-yhsan eýesi bolan Alla tarapyn hasyl edilen Kitapdyr. Hiç hili ylah ýok, meger, Onuň Özi bardyr. Diňe Onuň Özüne gaýdylar.

4. Allanyň aýatlary hakynda diňe kapyr bolan kimseler dalaşyp-dartyşarlar. Bes, sizi olaryň şäherlerde gezişi aldamasyn!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatda pygamber alaýhy-s-salama we barça musulmanlara garşy gidip, Allanyň aýatlaryna iman getirmeýän kimseleriň Alla tagalanyň azabyna duçar bolman, sag-salamat şäherme-şäher gezip ýörmekleri we söwda-satyglarynyň hem rowaç alýandygyny görüp, aldanmaly däldigi öwredilýär hem-de beýle kimseler bu pany dünýäden gerçe aýşy-eşret bilen ötseler-de, olaryň ahyretde ýowuz azaba duçar boljakdygynyň gümansyzdygyna yşarat edilýär.

5. Olardan (ýagny, Mekge kapyrlaryndan) owal Nuh kowumy we ol (kowumdan) soňky (Aat, Samud kabylalary ýaly dürli) pyrkalar hem (öz pygamberlerini) ýalançy hasap edendirler. (Şol milletlerden) her bir millet öz pygamberlerini tutmaga - öldürmäge kast edip, batyl (deliller) bilen çekişip - dartyşyp. onuň ýardamynda Haky ýeňmekçi bolupdylar. Şonda Men olary (öz azabym bilen) tutdum. Gör, meniň azabym nähili boldy?

6.(Eý, Muhammet, siziň kowumyňyzyň arasyndaky) kapyr bolan kimseleriň üstüne hem Perwerdigäriňiziň Sözi - azaby, ine, şeýle hak bolandyr - elbetde, olar dowzah eýeleridir.

7. Arşy göterip durýan we onuň etrapyndaky (perişdeler) Perwerdigäre hamdy-sena aýtmak bilen (Ony ähli aýby-nogsanlardan) päkläp, tesbyh aýdýarlar we Oňa iman getirerler hem-de (Ondan) iman getiren kişileri magrypat etmegi (dogaýu - dileg bilen) sorarlar: "Ýa, Perwerdigär, Özüň rahmet - mähribanlyk we ylym tarapyndan giňsiň (rahmetiň we ylmyň barça närsäni gurşap alar). Bes, toba-tagsyr eden we Seniň ýoluňa eýeren kişileri Özüň magrypat etgin we olary dowzah azabyndan saklagyn.

8. Ýa, Perwerdigär, olary hem, olaryň ata-babalarynyň, jübti-halallarynyň (aýallarynyň) we zürýatlarynyň arasyndaky salyh-mömin bolan kişileri hem Öz wada eden ebedi uçmahlaryňa degişli etgin. Elbetde, Seniň Özüň gudrat we hikmet sahybysyň.

9. Özüň olary barça ýamanlyklardan goragyn. Kimi şol Gündäki (kyýamatdaky) ýamanlyklardan gorasaň, bes, hakykatdan oňa rehim-şepagat etdigiňdir. Ine, şu uly bagtdyr!"

10. Şübhe ýok ki, kapyr bolan kimselere (kyýamat gününde dowzaha taşlanyp, öz azaba duçar eden nesibelerini näletläp duran wagtlarynda): "Siziň (haýýaty dünýäde) imana çagyrylyp, (iman getirmäge derek) kapyr bolan çaglaryňyzdaky Allanyň gazaby - Sizi ýaman görmegi - siziň (bu Gündäki) öz nesibeleriňizi ýaman görşüňizden ulurakdyr" (çökderdir) diýip nyda ediler.

11. Olar aýtdylar: "Ýa, Perwerdigär, Sen bizi iki gezek öldürdiň we iki gezek diriltdiň (ýagny, owal ene garnynda öli-jansyz halda ýaradyp, soňra Özüň bize jan berdiň, soňra ajalymyz ýetende, Özüň janymyzy alyp - öldürip, kyýamat Gününde ýene diriltdiň). Bes, bize (bu dowzah azabyndan çykmagyň heý bir ýoly barmy?")

12.(Ýok, siz şu azapda baky galarsyňyz). Muňa sebäp, haçanda (sizi) ýalňyz Alla (ybadata) çagyrylanda, kapyr bolup, boýun synman, eger Oňa şek ýetirilse, (ýagny, sizi kimdir biri buta - senemlere sygynmaga çagyranda), iman getirmegiňizdir. (Ýöne) ähli höküm gudratly we beýik Allanyňkydyr

13. Ol size Öz aýatlaryny (Özüniň barlygyna we birligane delalat edýän alamatlary görkezer we size asmandan rysky - ruz ýagdyrar. (Emma bu aýat - alamat- lardan) diňe (Alla) ynanýan, dileg edýän adam aňlatma-ybrat alar.

14. Bes, (eý, möminler) meger, kapyrlar ýaman görseler-de, Alla üçin dini päkläp, doga-dileg ediň!

15. Ol beýik mertebelidir, Arş sahybydyr. Ol Öz emri bilen bendelerinden Özi islän kişilerine olary mylakat Gününden (ýagny, kyýamatdan ägä etmek üçin) duýduryş - wahyý inderer.

16. Olar (gabyrlaryndan) çykýan günde Allaga olar(yň edip öten amallaryn)dan bir närse-de gizlin bolup galmaz. Bu Günde patyşalyk kimiňkidir? Ýeke-täk üstün çykyjy Allanyňkydyr!

17. Bu Günde her bir jan öz eden iş-amaly bilen jezalandyrylar. Bu Günde (hiç kime) zulum edilmez. Elbetde, Alla hasap-kitap edijidir.

18.(Eý, Muhammet), siz olara ýakyn Güni (kyýamaty) duýduryň! Şonda olar janlary holtumlaryna (bokurdagyna) tegek bolup, (özleri hem) gam-hasrata dolup durarlar. Zalym-kapyr kimseler üçin (ol Günde) ne dost, ne-de etagat edýän (ýagny, şepagaty kabul edilýän) aklawçy bolar.

19.(Alla) gözleriň hyýanatyny (seretmek gadagan edilen zatlara ogrynça seretmegi) hem, kalblaryň gizleýän närselerini hem biler.

20. Alla hak (höküm) bilen höküm eder. Olaryň (Allany) goýup, doga-dileg edýän butlary bolsa, bir närsä-de höküm çykaryp bilmezler. Elbetde, Allanyň Özi eşidýändirem, görýändirem.

21. Eýsem, olar Ýer ýüzünde seýru-syýahat edip, özlerinden owal öten (öz pygamberlerini ýalançy hasap edip, imansyz giden) kimseleriň akybetiniň nähili bolandygyny (olaryň nähili kysmata ýolugandygyny) görseler bolmaýarmy?! Olar güýç-kuwwat we Ýerdäki haşamly binalary bilen (Mekge müşriklerine) görä zorrakdylar. Bes, Alla olary günäleri sebäpli tutdy - heläk etdi we olary Alladan özge birem saklaýjy bolmady.

22. Muňa sebäp - olara pygamberleri anyk hüjjetler getirende – olar kapyr boldular. Bes, Alla olary tutdy - gurban etdi. Çünki, Ol kuwwat eýesidir we (Onuň) azaby gatydyr.

23-24. Anyk ki, Biz Musany Öz aýat-mugjyzalarymyz we açyk delil bilen Firawunyň, Hamanyň, Karunyň (ýanyna) iberenimizde, olar: "(Bu Musa) ýalançy jadygöýdir" diýdiler.

25. Indi haçanda (Musa) olara Biziň huzurymyzdan Hak (pygamberlik) bilen gelende, olar: "Onuň bilen bile mömin bolanlaryň ogullaryny öldürip, aýallaryny diri galdyryň" diýdiler. (Emma) kapyrlaryň hile-mekirlikleri, elbetde, (olaryň özleri kibi) zelalatdadyr (ýagny, zaýa bolýandyr).

DÜŞÜNDIRIŞ. Firawunyň Beni Ysraýyl kowumyndan bolan ogul perzentleri öldürendigi hakynda başky sürelerde, meselem, "Taha" süresindäki 37-40 aýatlar we olara berlen düşündirişde doly aýdylypdy. Indi ýokardaky aýatda Firawunyň Musa alaýhy-s-salama iman getiren kişileri ýene gyrmaga buýrandygy, ýöne onuň bu mekir-hilesiniň hem bipeýda bolandygy hakynda habar berildi. Şunda onuň Musa pygamberiň ömrüne kast etmekçi bolandygy we bu urunmagynyň hem bihuda gideni dogrusynda aşakdaky aýatlarda söz açylýar.

26. Firawun aýtdy: "Meni goýuň, Musany öldüreýin. (Hany) ol Perwerdigäre doga-dileg etsin, (Perwerdigäri oňa najat berermikä). Hakykatdan hem, men (Musanyň) siziň diniňizi özgertmeginden ýa-da Ýer ýüzünde bozgakçylygy öwç aldyrmagyndan gorkýaryn".

27. Musa aýtdy: "Elbetde, men Perwerdigärim we Perwerdigäriňiz (bolan Alla)dan hasap-kitap Gününe iman getirmedik barça tekepbir (kimseleriň ýamanlygyn)dan pena bermegini sorandyryn".

28.(Şonda) Firawunyň öýünden bolan, özüniň imanyny ýaşyryp ýören bir mömin kişi aýtdy: "Bir adamy: "Meniň Perwerdigärim Alladyr" diýeni üçin öldürjekmisiňiz?! Belki, ol size Perwerdigäriňiz tarapyndan anyk hüjjetler getirendir. Eger ol ýalançy bolsa, ýalany öz boýnuna. (Emma) eger rastgöý bolsa, (onda) size ol (kapyrlar üçin) wada edilen (azaplardan) käbirleri ýetip gelerd-ä! Elbetde, Alla hetden aşýan ýalançy kimseleri hidaýat etmez.

29. Eý, kowumym, bu gün-ä mal-döwlet siziňki, ine, şu ýerde üstünsiňiz, Eger indi bize Allanyň azaby geläýse, kim bize (ondan najat tapmak üçin) ýardam berer?!" Firawun aýtdy: "Men size diňe

özümiň raý eden (dogry diýip bilýän) närsämiň (ýagny, Musany öldürmegiň maslahatyny) edýärin we diňe men sizi dogry ýola itekleýärin".

30-31. Iman getiren kişi aýtdy: "Eý, kowumym, hakykatdan, men siziň üstüňize hem edil Nuh kowumynyň, Samud, Aat (kabylalarynyň) we olardan öňki (küfr ýoluny tutan) kimseleriň işiniň - şol pyrkalaryň gününiň düşmeginden gorkýaryn. Belki, Alla Öz bendelerine zulum etmegi islemez (ýagny, Alla şol tireleri heläk etmedi - zulum etmedi, meger, olar özleriniň küfri - garşylyklary sebäpli, bagtsyzlyga duçar boldular).

32. Eý, kowumym, hakykatdan, men siz dogrusynda (kişileriň bir-birine) nyda kylyp (gygyryşyp) galýan Gününden (Kyýamat gününde dowzah azabyna duçar bolup, dady- perýat edip galmagyňyzdan) gorkýaryn.

33. Ol Günde siz (jähennem apatlaryndan) ýüz öwrüp, gaçarsyňyz, (emma) sizi Alla(nyň azabyn)dan saklajak bolmaz.

34. Bir zaman Ýusup size (özüniň pygamberligini aňladýan) anyk deliller getirende hem, onuň size getiren zatlaryna şübhe - güman edipdiňiz. Haçanda ol heläk bolanda bolsa: "(Indi Ýusupdan) soň, Alla hergiz pygamber ibermez" diýdiňiz. Hetden aşýan, şek getirýän kimseleri Alla, ine, şeýdip ýoldan azdyrar.

35. Allanyň aýatlary hakynda asla hüjjet - delilsiz dalaşyp-dartyşan kimseler Alla nazarynda hem, iman getirenleriň nazarynda hem uly ýigrenje duçar bolarlar. Alla her bir tekepbiriň we diýdimzoryň kalbyny, ine, şeýle möhürläp goýar".

36-37. Firawun (bu sözleri eşiden adamlaryň Hak ýoluna düşüp gitmeklerinden gorkup, olary azaşdyrmak üçin) aýtdy: "Eý, Haman, meniň üçin bir (belent) minara gurgun, şaýat ki, men (ol minaranyň

üstüne çykyp) ýollara - asman ýollaryna ýetip, (göterilip) Musanyň ylahyny göreýin. Ýogsa, men ony ýalançy diýip güman edýärin". Firawuna özüniň ýaman amaly (niýeti) şeýle gözel göründi we ol (Dogry) ýoldan sowuldy. Firawunyň ähli mekir-hilesi, elbetde, peýdasyzdyr.

38. Iman getiren kişi aýtdy: "Eý, kowumym, siz maňa eýeriň, men sizi Dogry ýola düşürerin.

39. Eý, kowumym, bu durmuşy - dünýä diňe bir (arzymaz) matadyr. Ahyret bolsa, (baky) mekan bolan diýardyr.

40. Kim bir ýamanlyk etse, oňa (ahyretde şol ýamanlygynyň) ölçeginde jeza beriljegi anykdyr. We erkegu - aýal, kim mömin bolup, islendik bir ýagşylyk etse, ana, şolar jennete degişli bolar (we) ol ýerde olara bihasap rysk berler.

41. Eý, kowumym, nämüçin men sizi najata - jennete çagyrsam, siz meni dowzaha çagyrýarsyňyz?

42. Siz meni Allaga kapyr bolmaga we özümiň (ylahdygyny) bilmeýän närselerimi Oňa şärik etmäge çagyrýarsyňyz? Men bolsa, sizi gudratly, tükeniksiz magrypatly zada (Alla) çagyrýaryn.

43. Şek-şübhe ýok ki, elbetde, siziň meni ybadat etmäge çagyrýan butlaryňyz (jansyz zatlar bolany üçin) bu dünýäde hem, ahyretde hem (bir kimsänem özlerine ybadat) etdirip bilmezler we, elbetde, (barçamyzyň) Alla dolanyşymyz bardyr. Hakykatdan hem, hetdinden aşan kimseler diňe dowzah eýeleridir.

44. Entek (başyňyza azap düşende, elbetde, häzir) meniň Size aýdan sözlerimi ýatlarsyňyz. Men öz işimi Alla tabşyraryn. Elbetde, Alla bendelerini görüp duryandyr".

45. Bes, Alla ony (iman getiren kişini) olaryň ýaman mekru-allaryndan saklady we Firawunyň öýüni ýaman azap dolap aldy).

46.(Ol azap bir) otdur ki, olar ertir-agşam şoňa basylyp (köýdüriler. Kyýamat) sagady kaýym bolýan Günde bolsa, (dowzah perişdelerine): "Firawunyň öýüni (kowumyny) iň gaty azaba giriziň' (diýiler).

47. Şonda olar dowzahda özara çekeleşip, biçäre (eýeriji)ler tekepbir kimselere (ýagny, özleriniň esasy ýolbaşçylaryna): "Biz size tirkeşipdik, indi siz bizden dowzah azabynyň bir bölegini dep edip bilermisiňiz?" diýenlerinde,

48. Tekepbir kimseler aýtdylar: "Biziň hemmämiz, şek-şübhesiz, (dowzahda- dyrys). Hakykatdan, Alla bendeleriniň arasynda Öz hökümini çykardy".

49.(Şonda) dowzahy kimseler jähennem saklawçylaryna: "Perwerdigäriňize doga ediň, bizden birnäçe günlük azaby ýeňletsin" diýip (ýalynanlarynda);

50. Olar: "Eýsem, size pygamberiňiz anyk hüjjetler getirmänmidiler?!" (diýenlerinde). Olar: "Hawa, (getiripdiler, ýöne biz olary ýalançy hasap edipdik)" diýdiler. (Şonda perişdeler olara): "Onda özüňiz doga-dileg ediberiň. Kapyrlaryň doga-dilegleri, elbetde, zelalatdadyr (bipeýdadyr)".

51. Elbetde, Biz pygamberlerimize we iman getirenlere durmuşy dünýäsinde hem, güwäler (häzir bolup) durýan Günde, kyýamatda hem ýardam bereris.

52. Ol Günde zalym-kapyr kimselere ötünçleri, bahanalary peýda bermez we olara lagnat bolar olar üçin iň ýaman jaý - dowzah bolar!

53-54. Anyk ki, Biz Musa dogry ýol eda eden we Beni Ysraýylly akyl eýelerine ýatlatma - ybrat we hidaýat (dogry ýol) bolan Kitaby -

Töwrady miras beripdik.

55. Bes, (eý, Muhammet, size müşrikler tarapyndan ýetýän azar-ezetlere) sabyr ediň - çünki, Allanyň (öz pygamberlerine we möminlere ýardam berjegi hakyndaky) wadasy hakdyr - we gündizler geçirim soraň hem-de gije-gündiz Perwerdigäriňize öwgi-alkyş aýtmak bilen (Ony) päkläň!

56. Elbetde, Allanyň aýatlary hakynda ýekeje-de hüjjet – delilsiz çekişip-dartyşan kimseleriň kalplarynda bir kibr (ýagny, özlerini sizden ulumsy tutmak) bardyr ki, olar şoňa (ulumsylyga özleri arzuw edip) ýeten däldirler. Bes, siz Alladan pena soraň. Çünki, Onuň Özi eşidýändirem, görýändirem.

57. Şek-şübhesiz, asmanlary we Ýeri ýaratmak ynsanlary ýaratmakdan ulurak (iş)dir. Ýöne köp adamlar bilmeýärler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Kapyrlara: "Asmanlary we Ýeri kim ýaratdy?" diýilse, "Alla" diýýärler-de, "Alla tagala kyýamat gününde barça ynsany gaýtadan dirildýär" diýilse, ynanmaýarlar. Şu aýaty-kerim şolara berlen temmi-dir.

58. Kör kimse bilen görýän adam, iman getirip, ýagşy amallar edenler bilen ýamanlyk edýän kimse deň bolmaz. (Ýöne) ýatlatma - ybraty az alýarsyňyz.

59. Elbetde (kyýamat) sagady gelýändir. Ol hakda şek-şübhe ýokdur. Ýöne köp adamlar (muňa) iman getirmezler.

60. Perwerdigäriňiz: "Maňa doga-dileg ediň, Men siziň (dogalaryňyza) mustejap-kabul edermen" diýdi. Elbetde, Maňa ybadat etmekden kibri-howa eden (men-menlik bilen ýüz dönderen) kimseler ýakynda boýun egip, jähenneme girerler.

61. Alla siziň dynç almagyňyz üçin gijäni we (kesbi-kär, seýru-syýahat etmegiňiz üçin) ýagty gündizi ýaradyp goýandyr. Elbetde, Alla adamlara fazly-merhemet sahybydyr. Ýöne adamlaryň

köpüsi şükür etmeýärler.

62. Ine, şu Alla - Perwerdigäriňizdir. Ol hemme zadyň ýaradyjysydyr. Hiç hili ylah ýok, meger, Onuň Özi bardyr.

63. Allanyň aýat-mugjyzalaryny inkär edýän kimseler, ine, şeýle öwrülip giderler!

64. Alla siz üçin Ýeri menzil, asmany tam edip goýandyr we size surat-şekil berip, suratyňyzy gözel edendir hem-de sizi halal-päk zatlardan rysklandyrandyr. Ine, şu Alla - Perwerdigäriňizdir. Bes, barça älemleriň Perwerdigäri bolan Alla - bereketli, beýikdir.

65. Ol diri zatdyr, Hiç hili ylah ýok, meger (diňe) Onuň Özi bardyr. Bes, (eý, möminler), siz (Allaga) Onuň dinini arassa-päk eden ýagdaýda doga-dileg ediň! Hamdy-sena bütin älemleriň Perwerdigäri Alla üçindir.

66.*(Eý, Muhammet), aýdyň: "Şek-şübhesiz, men özüme Perwerdigärim tarapyn anyk hüjjetler gelen wagtynda, siziň Allany goýup, doga-dileg edýän butlaryňyza ybadat etmekden gaýtaryldym we bütin älemleriň Perwerdigärine boýun synmaga buýruldym".*

67. Ol sizi(ň ataňyz Adamy) toprakdan, soňra (onuň hemme öwlatlaryny) nuftadan, soňra lagta gandan ýaradandyr. Soňra Ol sizi (ene garnyndan) çaga halyňyzda (ýagty dünýä) çykarar, soňra (Ol) sizi kämillige ýetirer, garrylyga ýetirer. Siziň araňyzda (kämillige ýetmezden ýa-da garramazdan) öň wepat tapýanlar hem bolar. (Ol) sizi belgilenen amal sagadyňyza çenli saklar, eger akyl ýetirseňiz.

68. Ol dirildýän we öldürýän zatdyr. Eger haçan bir işi höküm etse, oňa diňe: "Bol!" diýer, bolany. Ol (iş) bolar.

69. Allanyň aýatlary hakynda çekişip-dartyşýan (jedelleşýän) kimseleri görmediňizmi? Nirä öwrülip gidip barýarkalar?!

70. Kitaby - Gurhany we biziň pygamberimiziň üsti bilen iberen närselerimizi - Kitaplary ýalan diýen kimseler ýakynda (kyýamat gününde dinsizlikleriniň akybetini) bilerler.

71-72. Şonda (ýagny, dowzaha taşlananlarynda) olar boýunlary kişen we zynjyrly gaýnag suw tarapa süýrelerler, soňra otda ýandyrylarlar.

73-74. Soňra olara: "Siziň Allany goýup, çirk getirip öten butlaryňyz hany?" diýilende, olar: "Ol (but) biz(iň gözümiz)den gaýyp boldy. Ýok, ýok, biz owal (haýýaty dünýäde) hiç zada doga-dileg eden däldiris" diýdiler. (Ýagny, pany dünýäde getiren çirklerinden dändiler).Alla kapyrlary, ine, şeýdip ýoldan azdyrar.

75. Ine, şu (jähennem azabyna ýolugyşyňyz)a sebäp, siziň Ýerde (öz kylan aýşy-eşret we günäler bilen) nähak şady-horram bolanyňyz we kibri-howa kylanyňyzdyr.

76. Jähennem derwezelerinden onda baky galmak üçin giriň! Gör, tekepbir kimseleriň jaýy (nähili) ýaman boldy!

77. Bes, (eý, Muhammet, size müşrikler tarapyndan ýeten azar-ezetlere) sabyr ediň-çünki, Allanyň (öz pygamberlerine we möminlere ýardam bermek we kapyrlary azaplamak hakdaky) wadasy hakdyr! Indi eger Biz size şol (kapyrlar)a wada eden azabymyz(dan görkezsek) ýagny, siz dünýälik wagtyňyzda olary käbir azap-ukybatlara duçar kylsak ýa-da sizi (olara azap indermezimizden öň) wepat tapdyrsak, onda hem ýalňyz Özümize gaýtarylarlar.

78. Anyk ki, Biz sizden öň hem (köp) pygamberler iberendiris. Olardan Biziň size hekaýat edip berenlerimiz hem bar, ýene olardan Biziň size hekaýat etmediklerimiz hem bardyr. Bir pygamber üçinem - Allanyň idin-eradasyndan daşgary bir aýat- mugjyza-da

getirmek mümkin bolan däldir (her bir pygamber diňe Allanyň oňa emr eden mugjyzalaryny getirendir). Bes, haçan Allanyň (kapyrlara azap düşüşi dogrusyndaky) emri gelende, (pygamberler we olary ýalançy hasap eden kapyrlar arasynda) hak (höküm) bilen höküm ediler we şonda bozgak kimseler zyýankär bolarlar.

79. Alla size çarwa haýwanlary siziň şol (haýwan)lardan (käbirlerini) münmek üçin, käbirlerini iýmek üçin (peýda) kyldy.

80. Siz üçin olardan (köp) peýda bardyr. (Ol haýwanlar) siziň göwün maksatlaryňyza ýetmegiňiz üçin hem (ýaradylandyr). Sizi (gury ýerde) şol (haýwanlar) üstüne mündürip we (deňiz-derýalarda bolsa), gämilerde (gözleýän menzilleriňize) elter.

81.(Alla) size Öz aýat-alamatlaryny görkezer. Ýeri, siz Allanyň haýsy aýatlaryny inkär edersiňiz?!

82. Eýsem, olar Ýer ýüzünde seýri-syýahat edişip, özlerinden owalky (öz pygamberlerini ýalançy hasap edip, imansyz giden) kimseleriň akybetiniň nähili bolandygyny (olaryň nähili kysmata ýolugandygyny) görseler bolmadymy?! Olar (Mekge müşriklerine) görä köpräk hem-de güýç-kuwwat we Ýerdäki goýan yzlary babatynda has zordular. (Emma) olary gazanan (mal-dünýäleri hem, güýç-kuwwatlary hem) halas etmedi.

83. Çünki, pygamberleri olara (Alla iman getirmegiň we Oňa boýun synmagyň zerurlygy hakynda) anyk hüjjetler getiren wagtynda, olar özleriniň alnyndaky (diňe dünewi bolan) bilimleri bilen şatlanyp, magtandylar (we pygamberleriniň habardar eden azabyny ýaňsa alyp, güldüler). We olary öz ýaňsylan (azap)lary dolap aldy.

84. Indi haçanda olar Biziň azabymyzy görüp: "Ýeke-täk Allaga iman getirdik we (öň Allaga) şärik eden butlarymyza kapyr bolduk" diýdiler.

85.*(Emma) Biziň azabymyzy gören wagtlaryndaky imanlary olara peýda bermedi. (Bu) Allanyň (barça) bendeleri hakynda öten ýoly-kanunydyr (ýagny, azap inen wagtynda getirilen imanyň peýdasy bolmaz). We şonda kapyrlar zyýana galdylar.*

41. FUSSILAT SÜRESI.

Bu süre elli dört aýatdan ybarat bolup, Mekgede hasyl edilendir.

Süre Gurhany kerimiň tarypy bilen başlanyp, hoşhabar eltiji we habardar ediji bolan bu kitabyň aýatlarynyň aňly-başly adamlar üçindigi doly beýan edilýändigi sebäpli ol "Fussilat "Doly düşündirilen süre" diýlip atlandyrylýar.

Sürede Ýeru asmanlaryň Alla tagala tarapyn ýaradylyp - tertibe salnany we Onuň Özi tarapyndan edara edilip durulyşy öwredilýär. Alla tagala kyýamat gününde her bir ynsanyň göz-gulagyndan başlap, derisine çenli dil - zyban berip, küfri - ýaman bilen öten kimseleriň ähli beden agzalarynyň hem adama garşy güwälik berýändigini duýdurýar. Ýene bu sürede ynsanyň: "Edýän amallaryny Alla bilýän däldir" diýen gümanda bolmagynyň onuň ahyretini köýdürýändiginiň anykdygy tassyklanýar.

Şeýle hem, bu sürede ýalňyz Alla tagalany Perwerdigärim diýip, soň Onuň görkezen dogry ýolunda häzir bolanlar üçin ahyret diýarynda taýýarlanyp goýlan sylag-zyýapatlaryň barlygy hakynda habar berilýär,

Süre bütin barlykda hem, ynsanyň wujudynda hem Ýaradanyň gudratyna we hikmetine delalat edýän aýat - alamatlaryň orun alandygy we Alla tagalanyň bütin möwjudaty Öz ylmy - gudraty bilen döredip, oňa Eýe bolandygy hakyndaky aýatlar bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ha, Mim.

2.(Şu Gurhan) mähriban we rehimli (Alla) tarapyn hasyl edilendir.

3-4. Ol (bu Kitap) bilýän kowum üçin (möminlere) hoşhabar beriji we (kapyrlara azaby) duýduryjy - araby Gurhan halynda (hasyl edilip), aýatlary doly beýan edilen Kitapdyr. Bes, (kapyrlaryň) köpüsi

(onuň aýatlary hakynda pikir etmekden) ýüz dönderdiler, diýmek, olar "eşitmezler".

5. Olar (kapyrlar) aýtdylar: "Kalbymyz seniň bize ündeýän zadyňdan (hak ýoldan) perdelenen, gulagymyzda bolsa, agyrlyk - kerlik bardyr we seniň bilen biziň aramyzda bir böwet bardyr. Bes, sen hem öz amalyňy ediber, biz hem, elbetde, öz amalymyzy ederis".

6-7. (Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Hiç hili şek-şübhe ýok ki, men hem edil siz kibi bir adamdyryn. Maňa Taňryňyzyň ýalňyz Allanyň Özüdigi wahyý kylyndy. Bes, siz Onuň Özüne dogry (tagat - ybadatda) boluň we Ondan geçirim soraň! Zekaty (hakdarlaryna) eda etmeýän, özleri ahyrete kapyr bolan müşriklere bolsa heläket bolgaý!"

8. Elbetde, iman getiren we ýagşy amallar kylanlar üçin tükenmez sylag - sogap bardyr.

9. Aýdyň: "Hakykatdan hem siz Ýeri iki günde ýaradana kapyr bolarmysyňyz we özüňizi Oňa deňeşdirermisiňiz?! Bu (Alla) barça älemleriň Perwerdigäri dälmi?!

10. Ol (Ýeriň) üstünde daglary (peýda) kyldy hem-de şol (ýer)de onuň iýmişlerini (ýagny, Ýer ähliniň rysky - ruzuny) dogry dört günde belgiläp, mübärekledi. Bu (tafsilat - anyklyk) soraýanlar üçindir.

11. Soňra duman halyndaky göge ýüzlenip, oňa we Ýere: "(Meniň emri - permanyma) öz islegiňize gerä ýa-da mejbury geliň!" diýipdi, olar: "Öz isleg-ygtyýarymyz bilen geldik, (emriňe boýun syndyk)" diýdiler.

12. Bes, iki günde ýedi asmany ýaratdy we her bir asmana (oňa buýrulýan) işini - wezipesini wahyý etdi (bildirdi, äşger etdi). Biz aşakdaky asmany çyraglar - ýyldyzlar bilen bezedik we (ony

apat-belalardan) sakladyk. Bu gudratynyň we bilijiniň takdyry ölçegidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlar Gurhanda birnäçe ýerlerde gelen - Alla tagalanyň asmanlary we Ýeri alty günde ýaradyşy hakdaky aýatlaryň dowamydyr. Ýagny, Alla tagalanyň Ýeri iki günde ýaradyp, dört gün diýlende, onuň rysky - ruzuny hsm takyklap - bölüp bereni we alty gün diýlende bolsa, ýedi asmany hem ýaradyp bolandygy beýan edildi.

13. Bes, eger olar (ýagny, Mekge müşrikleri, ine, şu habardan soň hem ýalňyz Alla iman getirmekden) ýüz dönderseler, onda aýdyň: "Men size edil Aat we Samud (tirelerini uran) ýyldyryma meňzeş bir ýyldyrym apatynyň (geljegini) duýdurdym".

14. Şonda pygamberleri olaryň garşysyndan hem, arkasyndan hem gelip: "Diňe ýalňyz Alla ybadat ediň" (diýenlerinde) olar: "Eger Perwerdigärimiz (pygamber ibermegi) isläп bolsa, elbetde, perişdeleri ibererdi. Bes, (siz perişde däl-de, adamzat), biz bolsa, siziň ilçi edilip iberilen diniňize kapyrdyrys" diýdiler.

15. Indi Aat (tiresine) gelsek, bes, olar Ýer ýüzünde nähak kibri-howa (men-menlik) etdiler we: "Güýç-kuwwatda bizden zor kim bar?" diýdiler. Eýsem, olar özlerini ýaradanyň - Allanyň güýç-kuwwatda olardan zordugyny bilmedilermi?! We olar Biziň aýatlarymyzy inkär etdiler.

16. Bes, Biz olara, ine, şu durmuşy dünýäde ryswa-har ediji azaby dadyrmak üçin betbagt-şum günlerde üstlerine bir ýowuz boran (şemal) iberdik. Ahyret azaby bolsa, şek-şübhesiz, has ryswarak, hor edijiräkdir we olara (öz sygynyp öten butlary tarapyndan hiç hili) ýardam berilmez.

17. Indi Samuda gelsek, bes, Biz olary (dogry ýola) hidaýat edipdik, olar dogry ýoly goýup, körlügi - zelalaty ygtyýar etdiler. Bes, öz eden närseleri (ýagny, küfri ygtyýar edendikleri) sebäpli, olary hor

ediji azap ýyldyrymy urdy.

18. We Biz iman getirenlere we takwalara (ýagny, Samud tiresini dogry ýola çagyran Salyh pygambere we oňa iman getirenlere ýyldyrym belasyndan) najat berdik.

19. Allanyň duşmanlarynyň dowzaha (kowulmak üçin) toplanyp, hatar bolup durýan Gününi (ýatlaň).

20. Indi haçanda olar (dowzaha) gelenden soň, (pany dünýäde edip öten küfri - etmişleri hakynda soralýar, ýöne olar öz etmişlerinden dänmäge urunýarlar. Şonda) olaryň gulaklary, gözleri we derileri (hamlary) olaryň edip öten närseleri hakynda özlerine garşy güwälik berdi (berýär).

21. Olar derilerine: "Näme üçin bize garşy güwälik berdiňiz?" diýenlerinde, (derileri): "Bize ähli zady Alla aýtdyrdy. Sizi deslap Ol ýaradandyr we siz ýene Onuň Özüne gaýtarylarsyňyz" diýdiler.

22. Siz (pany dunýäde günä işler edeniňizde, masgara bolmakdan gorkup, adamlardan gizlenýärdiňiz, emma) gulaklaryňyzyň, gözleriňiziň we derileriňiziň özüňize garşy güwälik bermeginden (saklanmagy üçin olardan) gizlin däldiňiz, (çünki, siz kyýamat gününde beden agzalaryna dil-zyban berilýändigini bilmeýärdiňiz). Ýöne siz Alla edýän amallaryňyzyň köpüsini (ýagny, adamlardan gizlin eden günäleriňizi) bilmez diýip oýladyňyz.

23. We Perwerdigäriňiz hakyndaky oýlan şu gümanyňyz sizi heläk etdi (ýagny, dowzaha düşmegiňize sebäp boldy). Bes, siz zyýana galdyňyz.

24. Indi eger olar (azaba) çydasalar, ana, şol dowzah jaýlarydyr (ýagny, azap- ukybaty çekiberýärler). Eger yza gaýtmagy talap etseler, indi olar gaýtarylmaz.

25. Biz olar üçin (olary Dogry ýoldan) azdyrýan) "dost" taýýarlap goýduk, bes, şol (dost) olara öňlerindäki (günälerini) hem, arkalaryndaky (günälerini) hem gözel görkezdi we olara hem özlerinden owal öten - heläk bolan ynsu - jyndan ybarat ymmatlar hatarynda Söz - azap hak boldy. Hakykatdan hem, olar zyýana galdylar.

26. Kapyr bolan kimseler (bir-birlerine: "Muhammet tilewat edýän wagty) siz bu Gurhana gulak salmaň we (ony özgelere hem eşitdirmezlik üçin agzyňyza gelen gepi) aýdyberiň, (şonda) şaýat, ýeňiji bolarsyňyz" diýdiler.

27. Bes, elbetde, Biz, ana, şol kapyr bolan kimselere gaty azaby dadyrarys we olary öz edip öten (küfr)leri (sebäpli) iň ýaman jeza bilen jezalandyrarys.

28. Bu (gaty azap) Allanyň duşmanlarynyň jezasy bolan dowzahdyr. Olara Biziň aýatlarymyzy inkär edenleri sebäpli, şol ýerde ebedi galmak azaplanmak) bardyr.

29. Kapyr bolan kimseler (dowzah odunda köýüp) diýdiler: "Ýa, Perwerdigär, bizi (Seniň Dogry ýoluňdan) azdyran ynsu-jyndan bolan kimseleri bize görkezgin, olary aýak astyna alyp (mynjyradyp taşlaly), täki olar (dowzahyň içindäki) iň erbet kimselerden bolsunlar".

30. Elbetde, "Perwerdigärimiz Alladyr" diýip, soňra (ýalňyz Alla tagat - ybadat etmekde) dogry - üstün bolanlaryň öňlerine - (ölüm pursatynda) perişdeler düşüp, (diýdiler): "Gorkmaň we gamgyn bolmaň. cize wada edilen jennet hoşhabary bilen şatlanyň!

31. Biz durmuşy dünýäde hem, ahyretde hem siziň dostuňyzdyrys. Siz üçin (jennetde) göwnüňiziň dilän närseleri bardyr we siz üçin ol ýerde islän närseleriňiz bardyr.

32.(Bu) magrypatly we mähriban (Alla) tarapyn bolýan zyýapatdyr".

33.(Adamlary) Alla(nyň) dinine salan we özi hem ýagşy amal zdip: Şek-şübhesiz, men musulmandyryn" diýen kişiden hem gözeliräk sözleýji kim bar?!

34. Ýagşylyk bilen ýamanlyk barabar bolmaz. Siz (her hili ýamanlygy) iň gözel sözler bilen dep ediň! (Şonda) öz-özünden siz bilen arada adawat (ýamanlyk) bolan kimse gyzgyn - wepaly dost bolup galar.

35. Oňa (ýamanlygy ýagşylyk bilen dep etmek baýlygyna) diňe sabyr-takatlylar ýeter, oňa diňe uly nesibeli ýeter.

36. Eger sizi şeýtan tarapyndan bir was-wasa ýoldan azdyryp, (şol baýlyk - hyslata eýe bolmakdan gaýtarmakçy bolsa), onda Alladan pena soraň. Elbetde, Ol eşidýändirem, bilýändirem.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatlarda Alla tagala her bir mömin - musulman üçin zerur bolan gözel gylyk-häsiýetleri beýan etdi. Indi aşakdaky aýatlarda Özüniň gudratyna we ýeterlik hikmetine delalat edýän aýat-alamatlary getirip, ýalňyz Özüniň beýiklige - Hudaýlyga laýykdygyny aýdýar.

37. Gije we gündiz, Kuýaş we Aý Onuň (ýeke-täkligine we gudratyna delalat edýän) aýat-alamatlaryndandyr. Eger siz (Alla) ybadat etjek bolsaňyz, Güne hem Aýa hem sejde etmäň, (belki) olary(ň hemmesini) ýaradana - Alla sejde ediň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýat nobatdaky sejde aýatydyr. Bu aýat okalanda, okaýana hem, diňleýäne hem bir mertebe Allaga sejde etmek wajyp bolýar.

38. Indi eger (kapyrlar Alla sejdeden) kibri-howa (men-menlik) etseler, bes, (bilip goýuň), Perwerdigäriňiziň huzuryndakylar (perişdeler) gijeýu-gündiz ýadaman-ýaltanman Oňa tesbyh aýdarlar-sejde ederler.

39. Onuň (tenhalygyna we gudratyna delalat edýän aýat-alamatlardan (biri) siziň ýeri gup-gury halda görmegiňizdir. Bes, haçan Biz onuň üstüne suw-ýagmyr ýagdyrsak, ol herekete geler we önüp-öser. Elbetde, şol topragy dirilden - ölüleri hem dirilder. Çünki, Ol barça işe kadyrdyr

40. Elbetde, Biziň aýatlarymyza egrilik eden (ýagny, olary bozmakçy bolan) kimseler Bize gizlin-nämälim bolup galmaz. Eýsem, dowzaha taşlanjak kimse ýagşyrakmy, ýa-da kyýamat gününe (Alla azabyndan) hatyrjem bolup gelýän kişi?! Öz halan amalyňyzy ediberiň! Barybir Ol edýän amallaryňyzy görüp durandyr.

41. Elbetde, özlerine ýatlatma - Gurhan gelen wagtynda oňa kapyr bolan kimseler (gaty azaba ýolugarlar). Şek-şübhesiz, ol eziz - Gudratly Kitapdyr

42. Oňa alnyndan hem ardyndan hem (hiç hili) batyl - nähaklyk gelmez (ýagny, Gurhany kerimiň hiç tarapyndan bir kitap ýa hüjjet gelip ony batyl kylyp bilmez, çünki ol) hikmet we hamdy-sena eýesi tarapyndan inderilendir.

> *43.(Eý, Muhammet), size hem (kapyrlar tarapyndan) diňe sizden ozalky pygamberlere (kapyrlar tarapyndan) aýdylan sözler aýdylar (ýagny, eger müşrikler size azar-ezetler ýetiren bolsa, siz oňa sabyr ediň, çünki, owalky pygamberlere hem edil şeýle azar-ezetler ýetendir). Şek-şübhesiz Perwerdigäriňiz - hem magrypat sahybydyr, hem ýowuz azap sahybydyr.*

44. Eger Biz (Gurhany) ajam (ýagny, arap dilinde bolmadyk) Gurhan edenimizde, elbetde, olar: "Onuň aýatlary (biziň dilimizde) beýan edilmändir-de, (Muhammediň özi) arap, (näge oňa) ajamyý (Gurhan inipdir?)" diýerdiler. Aýdyň: "(Işbu Gurhan) iman getirenler üçin hidaýat we (ýüreklerindäki şek-şübhäni ýok ediji) şypadyr. Iman getirmeýän kimseleriň bolsa, gulaklarynda agyrlyk - kerlik bardyr

we (Gurhan) olara körlük (ýagny, gap-garaňky zulmat) bolar. Olar (göýä) uzak bir ýerden getirilen kişiler (ýalydyrlar, ýagny, Gurhanyň aýatlaryny näçe eşitseler-de, onuň many-hikmetlerini aňlap bilmezler)".

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty kerim "Gurhan egsr ajamlaryň dilinde bolan bolsa, biz hem oňa iman getirerdik" diýip, bahana eden käbir müşriklere jogap hökmünde hasyl boldy.

45. Hakykatdan hem, Biz Musaga Kitap - Töwrat eda edenimizde, ol (Töwrat) hakynda hem (edil Gurhan hakynda bolşy ýaly) ynanmazlyk edilendir. Eger Perwer-digäriňiz tara - pyndan (hemme hasap - kitabyň kyýamat günündedigi dogrusyndaky) Söz ötmäninde, olaryň arasynda höküm edilerdi, (ýagny, olara imansyzlyklary sebäpli derrew jeza berlerdi). Hakykatdan hem, olar (Gurhan) hakynda şübhe - gümandadyrlar.

46. Kim bir ýagşy amal etse, özi üçindir. Kim ýamanlyk etse, öz zyýanyna eder. Perwerdigäriňiz bendelerine zulum ediji däldir.

47.(Kyýamat) sagadynyň (haçan boljagy) hakynda bilim Onuň Özüne gaýtarylar (ýagny, Kyýamatyň haçan boljagy hakynda soralan adamyň: "Ony diňe Alla bilýär" diýmegi lazymdyr. Barça miweleriň öz gülkäsesinden) çykyşy hem, her bir aýalyň (urkaçy jynsyň) hamyladar bolup, göz ýaryşy (çaga dogurmagy) hem, elbetde, Onuň ylmy bilen bolar. Ol (müşriklere): "Meniň "şärik"lerim hany?" diýip nyda edýän Gününde olar: "Biz Saňa bildirýäris ki, aramyzda (Seniň "şärik"leriň barlygyna) birem güwä ýokdur" diýdiler.

48. We özleriniň öň (durmuşy dünýäde) doga-dileg edip öten butlary olardan gaýyp boldy. Olar özlerine (Allanyň azabyndan) gaçara ýer ýokdugyna emin boldular (ynandylar).

49. Ynsan (özi üçin) ýagşylyk (maly-mülk, bagt-sagadat) dilemekden asla irmez. Eger oňa ýamanlyk (garyplyk, bagtsyzlyk) ýetip gelse, ol

näumytlyga, sussypeslige düşýändir.

50. Kasam ki, eger oňa bir bela-külpet ýetenden soň, Biz oňa Öz tarapy- myzdan bolan bir merhemeti dadyrsak, elbetde, ol: "Bu diňe özümiň (danalygym we hereketim bilen boldy). Men (kyýamat) sagadynyň kaýym boluşyna ynanmaýaryn. Kasam ki, eger (kyýamat kaýym bolup) Perwerdigärime gaýtarylsam, hiç şek-şübhesiz, Onuň dergahynda hem, meniň üçin gözel (akybet) jennet bolar" diýer. Bes, (ana, şol iman getirmän, we ýagşy amallar etmän, jennete girmäge hantama bolup ýörenler bilsin ki), elbetde, Biz kapyr bolan kimselere eden amallarynyň habaryny bereris we, elbetde, olara gaty azapdan dadyrarys.

51. Haçan Biz ynsana (nygmat-döwlet) ynam etsek, ol (Bize şükür etmekden) ýüz dönderer - we öz tarapyna (öwrülip) gider (ýagny, muny unudar). Haçan oňa ýamanlyk (garyplyk-külpet) ýetse, ol uzyndan uzyn doga-dileg eder (ýalbaryp başlar).

52.*(Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň: "Hany, habar beriň, eger (Gurhan hakykatdan hem) Alla huzuryndan (inderilen) bolsa, sizem oňa (Gurhana) kapyr bolsaňyz, (onda) kim (siz ýaly) baky ynamsyzlykda bolar hem ýoldan azan bolar?!".*

53. Täki olara (işbu Gurhan dogrudan hem Alla tarapyn inderilen) Hak (kitapdygy) anyk mälim bolýança, elbetde, Biz olara daş-töwerekdäki we öz wujudlaryndaky (Biziň barlygymyza we gudratymyza delalat edýän) aýat-alamatlarymyzy görkezjekdiris. Eýsem, (olara) Perwerdigäriňiziň barça närsä güwädigi (ýagny, Alla tagalanyň şu Gurhanda gökdäki barça närsäni gurşap alyp, Öz hökümini beýan edýändigi, olara Siziň hak pygamberdigiňizi subut etmek üçin) ýeterlik dälmi?!

54.*(Eý, möminler), ägä boluň kim, elbetde, olar Perwerdigärine ýüzbe-ýüz boljagyndan şek-şübhededirler. Ägä boluň kim, elbetde, Ol*

hemme närsäni hasap-kitap edijidir.

42. MASLAHAT SÜRESI

Bu süre elli üç aýatdan ybarat bolup, Mekgede hasyl edilendir. Ol Gurhany kerimiň Alla tarapyn inderilen ylahyý wahyýdygyny tassyk-lamak bilen başlanyp, owalu-ahyr ähli pygamberleriň getiren şerigat kanunlarynyň mazmun taýdan bir bolup, ýalňyz Alla tagala sygynyp, ybadat etmek buýrulýar.

Süräniň soňunda şu Gurhanyň Hak ýoluna düşürýän - hidaýat edýän ylahyý bir nurdygy düşündirilýär. Bu sürede iman ilniň gözel häsiýetlerinden bolan - her haçan maslahat - geňeş bilen iş başlamak tärine gönükdirýän aýatlar hem bar bolandygy üçin ol "Şura" - "Maslahat" süresi diýip at alandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ha. Mim.

2. Aýn. Sin. Kaf.

3.*(Eý, Muhammet), Gudratly we Hikmetli Alla size we sizden owalky (pygamber)lere, ine, şeýle wahyý eder.*

4. Asmanlar we Ýerdäki bar närseler Onuňkydyr. Ol beýik we giňdir.

5.*(Müşrik jemagatlarynyň şek getirmekleri sebäpli), üstlerindäki asmanlar ýarylmaga ýakyn bolar. Perişdeler bolsa, Perwerdigäre hamdy-sena aýtmak bilen (ony aýby-nogsandan we şäriklerinden) päklärler we Ýerdäki (mömin-musulman) kişiler üçin (Alladan) geçirim sorarlar. Habardar boluň kim, elbetde, Allanyň Özi geçirimli, mähribandyr,*

6.*(Allany) goýup, (başga) "dost"lary tutan (ýagny, şolara sygynýan) kimseleri üstünden Alla görüp durandyr. (Eý, Muhammet), siz olaryň üstünde wekil - goragçy dälsiňiz.*

7.(Barça) oba-şäherleriň enesi-paýtagty (Mekge iline) we onuň etrapyndaky kişilere (ahyret azabyny) duýdurmagyňyz üçin we (geljegine) şek-şübhe bolmadyk toplanmak Gününi duýdurmagyňyz üçin Biz size, ine, şeýle araby Gurhany wahyý etdik. (Ol Günde) bir topar (taýpa) jennetde bolsa, bir topar dowzahdadyr.

8. Eger Alla islände, elbetde, olary (ýagny, ähli ynsanlary bir millet (bir dinde - Yslamda) ederdi. Ýöne Ol Özi islän kişileri Öz rahmetine (jennetine) degişli eder. Zalym - kapyrlar üçin bolsa, birem dost we ýardamçy ýokdur.

9. Ýa-da olar (Allany) goýup, (başga) "dost"-lary tutdularmy (ýagny, şolara sygynyp ýörlermi?! Ýok), diňe Allanyň Özi dostdur. Ol ölülere ýaşaýyş berer we Ol ähli närsä kadyrdyr.

10.(Eý, Muhammet, möminlere aýdyň): "Siziň (bu durmuşy dünýäde kapyrlar bilen) aýdyşan her bir närsäňiziň hökümi (Kyýamat gününde) Alla (gaýtarylar we Ol kimiň hak, kim nähakdygyny aýdyp berer). Ine, şu Alla - Perwerdigärimdir. (Men Onuň) Özüne söýendim we Özüne dileg ederin".

11. Alla asmanlaryň we Ýeriň ilki ýaradyjysydyr. Ol siz üçin Özüňizden bolan jübütleri ýaratdy we çarwa haýwanlary hem jübüt- jübütden (ýaratdy). Ol sizi şol (jübütlik esasynda) köpeldýändir. Bir närse-de Oňa meňzeş däldir. Ol eşidýändirem, görýändirem.

12. Asmanlaryň we Ýer (hazynalarynyň) açarlary Onuňkydyr. Onuň Özi kişileriniň ryskyny giň eder we (Özi islän kişileriniň ryskyny) kyn eder. Hakykatdan hem, ol ähli närsäni bilýändir.

13.(Eý, möminler, Alla) siz üçin hem dinden Nuha buýrulan närsäni we Biziň size (ýagny, Muhammede) wahyý kylnan närsäni, (şonuň dek) Biz (tarapdan) Ybraýyma, Musa we Isa buýrulan närsäni - şerigat (kanun) kyldy. Dini berpa kylyň (dogry saklaň) we onda

pyrka-pyrka bolup bölünmäň!".

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty kerimde Alla tagala barça pygambere bir närsäni, ýagny, ýalňyz Allanyň dinini berpa kylmagy we bu dinde dürli toparlara bölünip gitmezligi pent edýär.

(Eý, Muhammet), müşriklere siziň çagyrýan närsäňize (ýagny, ýalňyz Allaga ybadat kylmak) zor geldi - agyr düşdi. Alla ol (dine) hidaýat tapmak üçin Özi halan kişilerini saýlar we Oňa (ýalňyz Allaga) dileg edýän kişileri hidaýat eder.

14. Olar (ýagny, owalky pygamberleriň kowumlary hem bölünmändiler, meger özlerine dürli pyrkalara bölünmezligiň zerurlygy hakynda) bilim - hüjjet geleninden soň, özara içigaralyk - adawat edişip (tire-tire bolup gidendirler). Eger Perwerdigäriňiz tarapyn (olaryň jezalaryny) belgilenen mütdete çenli (ýagny, kyýamata çenli pursat bermek barada) Söz ötmedik bolanynda, elbetde, olaryň arasynda (şu dünýäň özünde) höküm edilerdi (ýagny, olar jezalaryny çekerdi)! Elbetde, olardan soň, Kitaba (Töwrada, Injile) warys (mirasdar, eýe) edilen kimseler (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salama döwürdeş bolan ýahudy we nasranylar) hem ondan (öz kitaplaryndan) şek-şübhededirler.

15. Bes, (eý, Muhammet), ine, şonuň üçin (ýagny, owalky kowumlar bölek-bölek tire bolup gidendikleri sebäpli, ýoldan azanlary üçin – siz öz ymmatlaryňyzy birlik-birleşige) başlaň we özüňize buýrulan täzelik(de, Dogry ýolda boluň hem-de olaryň müşrikleriň) nebsi-howalaryna eýermäň! Aýdyň: "Men Allanyň inderen her bir Kitabyna iman getirdim we siziň araňyzda (menden sorap gelen çözmeli işleriňizi çözmekde) adalat etmäge emr edildim. Alla Perwerdigärimiz we Perwerdigäriňizdir. Biziň amallarymyz özümiz üçin, siziň amallaryňyz özüňiz üçindir. Biz bilen siziň araňyzda birem jenjel ýokdur. Alla (Kyýamat gününde) hemmäňizi jemlär we ýalňyz Oňa gaýtmak bardyr".

16. Alla (dini) hakynda ol kabul edilenden soň, (adamlary ýoldan azdyrmak üçin) dalaşyp-dartyşan kimseleriň hüjjetleri (ýagny, bu çekişip-dartyş-malary) Perwerdigär öňünde batyl-bihudadyr. Olara (bu dünýäde) gazap, (ahyretde bolsa) gaty azap bardyr.

17. Alla Hak - rast bolan Kitaby we terezi - adalaty hasyl edendir. Näbilýärsiňiz, belki, (Kyýamat) sagady ýakyndyr. (Bes, gaflatda galman, Allanyň inderen hak Kitabyny we adalaty pugta tutmak lazymdyr).

18.*(Kykmata) iman getirmeýän kimseler ony tizleşdirýärler. Iman getirýänler bolsa, ondan gorkudadyrlar. Olar (Kyýamatyň) hakdygyny bilerler. Habardar boluň kim, (Kyýamat) sagady dogrusynda jedelleşýän kimseler (Hak ýolundan) uzak - zelalatdadyrlar.*

19. Alla bendelerine mähribandyr. Ol Özi islän kişilere (giň-bol) rysk berer. Ol güýçli, gudratlydyr.

20. Kim (öz amaly bilen) ahyret ekinini (ýagny, sogabyny) islese, Biz onuň ekinini(ň hasylyny) bol-zyýat ederis. Kim dünýä ekinini islese, Biz oňa şondan (dünýä matalaryndan) bereris we onuň üçkn ahyretde birem nesibe bolmaz!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýaty Kerimde her hili ýagşy amal diňe ahyretdäkii sylagy isläp, eda edilse, Alla tagalanyň onuň sogabyny kemally edip berýändigi, emma eger mal-dünýä we şan-şöhrata ýetmek arzuwynda ikiýüzlülik bilen edilse, ahyretde hiç hili sogap ýoklugy aýdylýar.

21. Belki, olaryň (Mekge müşrikleriniň küfr we şek kibi) Allanyň buýrmadyk närseleri - "din"lerini olara şerigat (kanun) edip berýän şärikleri butlary bardyr?! Eger (ýagşy-ýaman amallaryň Kyýamat gününde) parhlanyşy dogrusyndaky Söz bolmasady, elbetde, olaryň aralarynda (şu dünýäniň özünde) höküm edilerdi. Zalym kimseler üçin, şek-şübhesiz, agyr azap bardyr.

22.(Kyýamat gününde) ol zalymlary özleriniň (durmuşy dünýäde) kesp-kär eden närseden (ýagny, küfri amallaryna berilýän jezadan) gorkup duran ýagdaýynda görersiňiz. Ol (jeza bolsa, gorksunlar, gorkmasynlar) olara düşjekdir! Iman getiren we ýagşy amallar edenler bolsa, jennet baglarynda bolup, olar üçin Perwerdigäriniň huzurynda islän närseleri bardyr. Ine, şu ulug merhemetiň özüdir!

23. Allanyň iman getiren we ýagşy amallar eden bendelerine berýän hoşhabary, ine, şudur! (Eý, Muhammet), Mekge müşriklerine aýdyň: "Men sizden bu (işim) üçin sylag-serpaý soramaýaryn, diňe garyndaş-çylykdaky dostluk-ýakynlyga (ýagny, meniň size nesil jähetinden garyndaş bolanymyň haky-hormatyna bu çakylyga irinmezligiňizi soraýaryn)". Kim bir gözel amal kylsa, Biz onuň üçin şol (gözel amalyn)da ýene husnuny zyýada ederis (ýagny, oňa artyk sogap bagyş ederis). Elbetde, Alla magrypat ediji, ýagşylygy bilijidir.

24. Ýa-da olar: (Muhammet Gurhan Alla tarapyn inderilen diýip) "Alla şanyna ýalan ýöňkedi" diýýärlermi?! (Beýle däl), çünki, eger (siz ýalan ýöňkän bolsaňyz) Alla islese, kalbyňyzy möhürläp goýar. Alla Öz sözleri bilen batyly-nähaky ýok eder we Haky hak eder - ýüze çykarar. Elbetde, Ol kalplary eýelän (syrlar)y bilýändir.

25. Ol bendelerinden toba-tagsyry kabul edýän, ýamanlyklary bagyşlaýan we edýän işleriňizi bilýän zatdyr.

26. Ol iman getiren we ýagşy amallar edenleriň (dogalaryny) kabul eder we olara (soran zatlaryny bagyş edip, ýene) Öz fazly-kereminden artyk eder. Kapyrlara bolsa gaty azap ýeter.

27. Eger Alla (ähli) bendeleriniň rysklaryny giň etse, elbetde, olar Ýer ýüzünde zulum - ýowuzlyk ederdiler. Ýöne Ol (bendeleriniň rysky-ruzuny) Öz islegiçe, ölçeg bilen inderer. Elbetde, ol bendelerinden habardar we (olary) görüp duryandyr.

28. Ol (adamlar ýagyş-ýagmyrdan) umytsyzlyga düşenlerinden soň, ýagmyr ýagdyrýan we Öz rahmet - bereketini giň ýaýýandyr. Ol hamdy-sena eýesi bolan Dostdur.

29. Asmanlar we Ýeriň ýaradylyşy hem-de (Allanyň) olarda ýaýradyp- ýaýyp goýberen janawerleri (onuň ylahyý gudratyna delalat edýän) aýat-alamatlaryndandyr. Ol Özi islän wagty olary jemläp – ýygnamaga kadyrdyr.

30. (Eý, ynsanlar), size bir bela ýetse, diňe öz eliňiz bilen eden närsäňiz - günäňiz sebäpli (ýeter). Ýene Ol köp (günäleriniň jezasyny bermezden) bagyşlar.

31. Siz Ýerde (hiç ýana) gaçyp gutulyjy dälsiňiz. We siziň üçin Alladan özge birem dost ýa ýardamçy ýokdur.

32. Deňiz-derýalardaky daglar ýaly ýüzüp ýören (gämi)ler hem Onuň (ylahy gudratyna delalat kylýan) aýat-alamatlaryndandyr.

33. Eger (Alla) halasa, şemaly duruzar, bes, olar (deňiz) üstünde (hiç ýana öwüsmän) durup galarlar. Elbetde, munda her bir (belaga) sabyr ediji, (Allanyň nygmatlaryna) şükür kylyjy üçin - aýat-ybratlar bardyr.

34. Ýa-da (eger Alla halasa, uly boran iberip, gämidäki adamlaryň) eden günäleri sebäpli, ol (gämi)leri heläk (gark) eder we köplerini (heläketden gutaryp) bagyşlar.

35.*(Täki) Biziň aýatlarymyz dogrusynda dalaşyp-dartyşan kimseler özleri üçin (Allanyň azabyndan) birem gaçyp gutulynýan ýer ýokdugyny bilsinler!*

36. Bes, (eý, ynsanlar), size eda edilen bar närsä pany dünýä matasydyr we iman getiren hem-de ýalňyz Perwerdigärine söýenenler üçin Allanyň huzuryndaky närseler (ýagny, ahyret

nygmatlary dünýä matalaryndan) ýagşyrakdyr we bakyrakdyr.

37. Olar uly günälerden we bozuklyklaryndan çetleşýänlerdir, gazaplanan wagtlarynda bolsa, (gazabyny) geçirip goýberýärler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu we aşakdaky aýatlarda Alla tagala ahyret nygmatlaryna mynasyp bolýan möminleriň sypat-fazylatlaryny beýan edýär. Hormatly okyjy üns beren bolsa, ýokardaky aýatda umuman günälerde! däl, belki, uly günälerden hem bozuklyklardan yrak bolmak hakynda aýdyldy. Olar: Allaga çirk getirmek, nähak adam öldürmek, ata-enz bihormat bolmak, ogrulyk, parahorlyk, süýthorluk ýeýe zynakärlik ýaly zatlar bolup, mömin adamyň beýle yllatlardan - ýaman häsiýetlerden päk bolmagy wajypdyr. Emma adamyň bilip ýa bilmän edýän kiçijik hatalary hem bar bolup, bu hakda pygamber alaýhy-s-salam şeýle merhemet edendir: "Her bir adam balasy ýalňyşýandyr, ol ýalňyşýanlaryň ýagşyragy eden kiçijik hatalaryna toba-tagsyr edýän kişilerdir". Indi "gazaplanan wagtlarynda (gazabyny) geçirip goýberýärler" jümlesine şeýle düşünmek lazym: Yslam dini nazarynda gazaplanmagyň özi hiç hili fazylat-ýaman häsiýet däl, çünki, meselem, dine daş atylan wagty gazaplanmaýan musulman däldir, gaýta mynapyk bolar. Fazylat şol gazap duýgusyna gul bolup galmazdan, akyl we ynsap bilen iş ýöretmekdir.

38. Olar Perwerdigärine ejabat-etagat eden we namazy doly berjaý edenlerdir. Olaryň işleri (mydam) özara şura-maslahat bilen bolar we Biziň olara rysk edip beren zatlary- myzdan haýyr-yhsan kylarlar.

39. Olar özlerine zulum ýeten wagty (oňa garşy göreşip) üstün çykýanlardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Eger başga dinlerde: "Sag ýüzüňe ursalar, çep ýüzüňi hem tutup ber" görnüşinde zalymlara geçirimlilik bar bolsa, Yslam dini nazarynda hakyky mömin zulum-zorlugyň her hili ýüze çykmasyna garşy göreşip, ýeňiji bolýan kişidir. Çünki, zalymyň zulumyndan gorkup, haksyzlyga garşy durup bilmedik adamyň imany kämil däldir.

40.(Her hili) ýamanlygyň jezasy edil özüne meňzeş ýamanlykdyr (ýagny, her bir ýamanlygyň özüne görö jezasy bardyr). Indi kim ar

almaga kadyr bolan ýagdaýynda (günäni) bagyşlap (arany) sazlasa, onuň sogaby Allanyň borjundadyr. Elbetde, Ol zulum edýänleri söýmez.

41. Elbetde, kim mazlum bolanyndan soň (özüne zulum eden kimseden) ýeňiji bolsa, (ar alsa) bes, olar(y ar alany üçin aýyplama)ga ýol ýokdur,

42. Diňe adamlara zulum edýän we Ýerde nähak (iş bilen) hetdinden aşýan kimseleri (aýyplamak we zulmy-zorluklary üçin jezalandyrmak) üçin ýol bardyr. Ana, şolar üçin agyr azap bardyr.

43. Elbetde, kim (özüne ýeten azar-ezetlere) sabyr kylsa we (ar-öç alman, Alla hakyna) geçirip goýberse, şek-şübhesiz, bu iş işleriň maksada laýygydyr.

44. Kimi Alla ýoldan azdyrsa, bes, soň oňa asla (Dogry ýoly görkezjek) dost ýokdur. Onuň ýaly zalymlaryň (Kyýamat gününde) azaby gören wagtlarynda: "(Ýene dünýä) gaýtmaga bir ýol ýokmuka? diýýändiklerini görsediňiz!

45. Siz olaryň kemsidilmekden ýaňa başlaryny aşak salyp, hor-zar bolup getirilýändigini we (dowzaha) bakyşlaryny gizläp, kese bakýan-dyklaryny görersiňiz. Iman getirenler bolsa: "Elbetde, zyýan görüjiler (dünýä nygmatlaryndan näçe peýdalanyp öten bolsa-da), kyýamat gününde özlerine we ähli illerine zyýan eden kimselerdir" diýdiler. Habardar boluň ki, ol zalymlar ebedi azapdadyrlar.

46. Olar üçin Alladan özge ýardam berýän hiç hili "dost" bolmaz. Kimi Alla ýoldan azdyrsa, bes, onuň üçin birem (Dogry) ýol ýokdur!

47.(Eý, ynsanlar) Alla tarapyn yzyna gaýtaryp bolmaýan bir Gün (kyýamatyň) gelmeginden ozal, Perwerdigäriňize ejabat-etagat (jogap ediň we boýun synyň) ediň! Ol Günde size birem gaçara jaý hem bolmaz we size (edip öten günäleriňizi) inkär etmek

(imkany-mümkinçiligi) hem bolmaz.

48.(Eý, Muhammet), eger (müşrikler) indi hem (ýalňyz Alla iman getirmekden) ýüz öwürseler, bes, Biz sizi olaryň üstüne goragçy edip iberen däldiris! Siziň borjuňyzda diňe (Biziň size inderen wahyýmyzy) ýetirmek bar, bolany. Hakykatdan hem, Biz ynsana Öz tarapymyzdan rahmet-merhemeti dadyran wagtymyzda, ol şol (nygmat) bilen şatlanar, (emma) olara öz elleriniň eden (günäleri) sebäpli, bir ýamanlyk ýetse, bes, elbetde, ynsan (asly) küfri nygmat edinijidir-(näşükürdir).

49. Asmanlar we Ýer Allanyň mülküdir. Ol Özi islän närsäni ýaradar. Ol Özi halan kişisine gyz hadýa (sowgat) eder we Özi halan kişisine ogullary hadýa eder.

50. Ýa-da olary ekiz ogullar, gyzlar eder we Özi islän kişini bipuşt (dölsüz-nesilsiz) edip goýar. Elbetde, Ol (ähli närsäni) biliji we (öz islän zadyny ýaratmaga) kadyrdyr.

51. Alla bir adam bilen hem gürleşmek ýerlikli däldir, diňe ylham arkaly, ýa bir perdäniň aňyrsyndan, ýa-da bir ilçi-perişde iberip, şol (perişde Allanyň) idin-ygtyýary bilen wahyý kylmak arkaly (sözlär). Elbetde, Ol (Alla) belentdir we hikmet eýesidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatdan pygamberleriň Alla tagala bilen üç görnüşde baglany- şyklary malim boldy. Birinjisi, gaýypdin gelen wahyý-ylham ýa-da öňünden görülýän düýş arkaly. Çünki, pygamber alaýhy-s-salam: "Pygamberleriň düýşleri wahyýdyr" diýipdir. Muňa mysal Ybraýym halylyllaha düýşünde oz ogly Ysmaýyl Zebihullahy Alla ýolunda gurbanlyk etmäge buýrulyşydyr. Ikinjisi, bir perdäniň arkasyndan Alla tagalanyň Öz pygamberlerine sözleýişidir. Muňa mysal Tur dagynda Alla tagalanyň göni sözleşenidir. Üçünjisi bolsa, Alla tagalanyň Öz pygamberlerine perişdeler arkaly wahyý iberişi bolup, Jebraýyl alaýhy-s-salam Alla tagalanyň wahyýlaryny pygamberlere ýetiriji perişdedir.

52.(Eý, Muhammet), şeýdip (edil owalky pygamberlere wahyý edişimiz ýaly) Biz Öz emrimiz bilen size Ruhy - Gurhany wahyý

etdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu ýerde Alla tagala tarapyn Gurhany kerimiň Ruh diýlip atlan- dyrylmagyna sebäp, jesediň jan bilen diri bolşy ýaly, diniň hem ruhy-jany Gurhandyr.

Siz (pygamber bolmazyňyzdan) öň ne Kitaby-Gurhany, ne imany (ýagny, onuň hakyky manysyny) bilýärdiňiz. Ýöne Biz ony (Gurhany) bir nur etdik ki, onuň bilen bendelerimizden Öz islänlerimizi hidaýat ederis. Elbetde, siz (özüňize inen wahyý kömeginde olary) Dogry ýola äkidersiňiz.

53. Ol (ýol) asmanlardaky we Ýerdäki bar närse Özüniňki bolan - Allanyň ýoludyr. Habardar boluň kim, barça işler ýalňyz Alla gaýdar!

43. ZER-ZYNAT SÜRESI

Mekgede hasyl edilen bu süre segsen dokuz aýatdyr.

Ol Gurhany kerimiň tarypy bilen başlanyp, soňra onda Alla tagalanyň Öz bendelerine bagyşlan bihasap nygmatlaryndan käbirleri sanalyp geçilýär.

Bu sürede özleri hemme närseleri Allanyň ýaradandygyny ykrar etseler-de, ýene-de Alla tagala özgeleri "şärik" edýän we hususan-da: "Onuň perzendi bar" diýýän müşrikleriň dawalary anyk-röwşen hüjjet-deliller bilen kesgin ret edilýär.

Bu sürede hem Muhammet alaýhy-s-salamyň hem-de Ybraýym hem Musa pygamberleriň başlan işlerinden we çeken ezet-azarlaryndan käbir mysallar getirilýär.

Süräniň "Zuhruf" - "Zer-zynat" diýlip atlandyrylmagyna sebäp, onda bu dünýäniň altyn-kümüşiniň we zer-zynatlarynyň Allanyň alnynda nä derejededigi doly beýan edilýändigidir.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ha. Mim.

2-3. Açyk-röwşen Kitaba - Gurhana kasam ki, elbetde, Biz ony (bu Kitaby) siziň akyl ýöretmegiňiz, (many-mazmunyny pähimlenmegiňiz) üçin araby Gurhan etdik.

4. Hakykatdan hem, ol Biziň dergahymyzdaky Asyl Kitapda (Lawhul-Mahfuzda bitilen) belent (mertebeli) we hikmetli (Kitapdyr).

5. Bes, (küfri-isýanda) hetden aşýan kowum bolanyňyz üçin Biz sizden bu Ýatlatmany sowup, (sizi öz halyňyza taşlap) goýarysmy?!

6. Biz owalkylara hem ençe pygamber iberendiris.

7. Olar hem özlerine gelen her bir pygamberi ýañsylap, gülüpdiler.

8. Bes, Biz olardan (Mekge kapyrlaryndan) güýç-kuwwatlyraklary hem heläk edipdik. (Bu Gurhanda) owalkylaryň mysal-kyssalary geçipd-ä!

9.(*Eý, Muhammet), kasam ki, eger siz olardan: "Asmanlary we Ýeri kim ýaratdy?" diýip, sorasaňyz, elbetde: "Olary gudratly we dana (Alla) ýaradandyr" diýerler. (Emma özleri hiç närse ýaradyp bilmeýän buty we senemleri Oňa şärik edip, şolara sygynarlar).*

10. Ol siz üçin Ýeri sallançak - karargäh edip goýdy we (sapar edeniňizde gözleýän menzilleriňize) ýol tapmagyňyz üçin (Ýerde dürli) ýollary peýda kyldy.

11. Ol asmandan (anyk) ölçeg bilen suw-ýagyş ýagdyrdy. Bes, Biz ol (suw) bilen "öli" şäher-(obalar)y diriltdik (ýagny, gury ýerden dürli-dümen ösümlikleri ösdürip çykardyk). Siz hem (Kyýamat gününde gabryňyzdan) ine, şeýle çykarylarsyňyz.

12. Ol ähli jübütleri (ýagny, bar mahluklary) ýaratdy we siz üçin gämiler we çarwa mallaryndan münülýän närseler (peýda) kyldy.

13-14. Täki siz olaryň üstünde ornaşsaňyz, soňra Perwerdigäriň nygmatyny ýatlap: "Bize bu (gämini ýa-da at-ulagy) boýun syndyryp goýan (ýagny, Alla ähli aýby-nogsandan) päkdir. Biziň özümiz muňa kadyr däldik. Şek-şübhesiz, biz (hemmämiz) Perwerdigärimize gaýdyjydyrys' diýgeý siz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda Alla tagala bendelerine bagyş eden nygmatlarynyň hatarynda olaryň şükür edip, ybrat-görelde almaklary üçin özlerinden birnäçe esse uly we güýçli gämi ýaly, düýe ýaly zatlary ýaradyp, olary ynsanlara münmäge, iş dolandyrmaga şeýle gudratly, haýbatly närseleri hem ynsana boýun syndyryp goýandygyny beýan etdi.

Indi aşakdaky aýatlarda "Perişdeler Allanyň gyzlarydyr" diýen batyl düşünjeli müşriklsr hakynda hekaýa edilip, olaryň bu puç dawalary

ylahyý mantyk bilen ret edilýär.

15. Olar (müşrikler Alla) üçin Öz bendelerinden (käbirlerini, ýagny, perişçdeleri) aýry etdiler! (Allanyň bendeleri bolan perişdeleri "Onuň gyzlary, ýagny, onun, bir bölegi" diýdiler. Çünki, perzent atanyň bir bölegidir). Hakykat, ynsan açyk-aýdyň näşükürdir!

16. Belki, (Alla) Öz ýaradan närselerinden gyzlary alyp galyp, size ogullary saýlap berendir?!

17. Haçanda olaryň birlerine özüniň Rahmana ýöňkän zady (ýagny, gyzy bolandygy) hakynda hoşhabar berilse, gazaplanyp, ýüzi garalyp gider.

18. Eýsem, zer-zynat içinde ösdürilýän (her hili) dawa-jenjellerde (öz maksadyny) açyk-röwşen beýan edip bilmeýän (ejiz biçäre gyzmy)?!

19.(Belki), özleri Rahmanyň bendeleri bolan perişdeleri "gyzlary" diýdiler! Ýa olar (Allanyň perişdeleri) ýaradanda güwä bolupmydylar?! Olaryň bu "güwä"likleri, elbetde, (amalnamalaryna) ýazylar we olar (kyýamat gününde) soraga salnarlar!

20. Olar: "Eger Rahman isläninde, biz olara (ýagny, perişdelere "Allanyň gyzlary" diýen düşünje bilen) ybadat etmezdik" diýdiler.

Olarda bu hakda hiç hili bilim -esas ýokdur. Olar toslaýarlar!

21. Eýsem, biz olara (Gurhandan) öň bir kitap berdik-de, olaram şony tutup otyrlarmy?! (Ýok, asla beýle bolan däldir)!

22. Hawa, olar (şeýle) diýdiler: "Elbetde, biz ata-babalarymyzy bir din-ylym üstünde tapdyk we, elbetde, biz olaryň yzy bilen dogry barýarys".

23.(Eý, Muhammet), Biz sizden öň bir oba-şähere-de duýduryjy - pygamber ibermedik, meger, (iberen waggymyzda) ol ýeriň baýlary

(özüni oňarýanlary): "Elbetde, biz ata-babalarymyzy bir din-ylym üstünde tapdyk we, elbetde, biz hem olaryň yzyna düşeris" diýipdiler.

24.(Şonda pygamberleri olara): "Eger men size siziň ata-babalaryňyzyň (hormatlap öten) dininden hem dogry din getiren bolsam näme?" diýende, olar: "Elbetde, biz siziň ilçi edilip iberilen diniňize kapyrdyrys" diýdiler.

25. Bes, Biz olardan ar aldyk. Indi ol (öz pygamberlerini) ýalançy hasap edenleriň akybetleriniň nähili bolanyny görüň!

26. Ýatlaň, Ybraýym atasyna we kowumyna aýdypdy: "Men siziň ybadat edýän butlaryňyza dahylly däldirin.

27. Meger, diňe meni ýaradana (ybadat ederin). Bes, elbetde, Ol meni (hak dine) hidaýat eder".

28. Ol (Ybraýym) şony (ýagny, özüniň ýalňyz Alla ybadat etjekdigi hakdaky kanuny özünden soň geljek zürýat - öwlatlary hem oňa) dolanarlary ýaly öz yzynda galýan söz etdi.

29. Men bolsa (Ybraýym nesillerinden bolan, emma ondan galan Söze etagat etmedik Mekge halky)ny hem, olaryň ata-babalaryny hem tä olara Hak-Gurhan we açyk-röwşen pygamber (Muhammet alaýhy-s-salam) gelýänçä, (uzyn ömür we asuda durmuşdan) peýdalandyrdym.

30.(Emma) haçanda olara Hak-Gurhan gelende, olar: "Bu jadydyr, elbetde, biz oňa kapyrdyrys" diýdiler.

31. Ýene olar: "Bu Gurhan iki oba(nyň birin)den biriniň ulug adamsyna inderilen bolaýsady" diýdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Iki oba diýilýäni Mekge we Taýyf şäherleridir. Müşrikleriň nazarynda Mekgäniň ulugy-beýigi - şol erdäki baýlardan Walyd ibn-al Mugaýra bolsa, Taýyfyň ulugy Urwa ibn Masgud as-Sakafy atly bir baýdy. Ol müşrikler hem ähli döwürlerdäki mal-dünýä göwün beren kimseler ýaly

ulylygy baýlyk, mal-döwlet we soltanat bilen ölçeýärdiler. Şonuň üçin olar: "Eger bu Gurhan hak kitap bolanlygynda, Muhammet ýaly bir etim, kemmagala däl-de, belki, Walyd we Urwa kibi kişilere inderilerdi" diýdiler.

32.(Eý, Muhammet), Perwerdigäriňiziň rahmeti (bolan pygamberli) gi şolar paýlaýarlarmy?! (Ýok, asla beýle däl!) Olaryň durmuşy dünýädäki iýgi-içgilidiriliklerini hem olaryň arasynda Biziň Özümiz bölüşdiripdik we käbirlerini käbirleri gol astyna alyp (işletmegi) üçin birewlerini belent dereje-mertebä göterip goýandyrys. Perwerdigäriňiziň rahmeti - pygamberlik bolsa, olaryň toplaýan närselerinden ýagşyrakdyr. (Bes, Biz bu nygmaty Öz saýlanlarymyza bagyş ederis).

33. Eger (imansyz kimseleriň baý-döwletli, dökän-saçanlykda ýaşaýanlaryny görüp, barça) adamlar bir millet (ýagny, kapyr) bolmaga ymtylmasalardy, elbetde, Biz Rahmana (ýagny, Bize) kapyr bolýan kimseler üçin öýleriniň üçeklerini hem, oňa çykylýan merdiwanlaryny (basgançaklaryny) hem kümüşden edip goýardyk.

34. Ýene olaryň öýleriniň işiklerini hem, üstünde ýazylyp-ýaýrap oturýan sekilerini hem (kümüşden ederdik).

35. Ýene (barça) zer-zynat, nagyş-nigarlaryny hem (şol kapyrlar üçin bererdik. Ýöne bularyň) barysy diňe pany dünýä matalarydyr. Ahyret bolsa, Perwerdigäriň alnynda takwa bolanlar üçindir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlardan Alla tagalanyň nazarynda bu dünýäniň özüniň bar zer-zynaty we keýpi-höwesi bilen nägadar hakyr (boş) bir närsedigi mälim boldy. Pygamber alaýhy-s-salamdap rowaýat edilýän bir hadysy-şerip şu aýatlaryň mynasyp teswiri-düşündiriş bolsa gerek: "Eger Alla tagalanyň huzurynda dünýä peşäniň ganatyça agram-gymmata eýe bolanlygynda-da, Alla kapyrlara onuň bir çümmügini hem rowa görmezdi. Gurhany kerim bu aýatlaryň üsti bilen bizi terki-dünýälige ündemän, gaýta, bu dünýäniň gul bolardan-a arzan matadygyny düşündirýär. Zadyň bendesi bolman, Allanyň bendesi boluň diýýär.

36. Kim Rahmanyň ýatlatmasyndan (ýagny, Gurhanyň pendi-nesihatlaryndan) kör bolsa - ýüz öwürse, Biz oňa şeýtany ýakyn ederis, bes, ol şol (kapyra baky) hemra bolar.

37. Şek-şübhesiz (şeýtanlar olary dogry) Ýoldan sowarlar (emma, kapyr bolanlar) özlerini dogry ýoldadyr öýderler.

38. Haçanda Biziň huzurymyza gelenlerinde (özüni Dogry Ýoldan azdyran şeýtanlara garap): "Wah, seniň bilen aram Gündogar bilen Günbataryň arasy ýaly (daş) bolsady. Bes, (sen) nähili ýaman ýoldaş sen" diýer.

39.*(Eý, kapyrlar we olary Dogry Ýoldan azdyran peşwalary - baştutanlary, pany dünýäde küfr ýoluny saýlamak bilen özüňize) zulum edenligiňiz sebäpli, bu Günki azapda şärikligiňiz hergiz peýda bermez (ýagny, azabyň gatylygyndan her biriňiz biri-biriňizden aýra bolup, şärikleriňize hossar çykyp, azaby ýumşadyp bilmersiňiz)!*

40. Bes, (eý, Muhammet), siz kerlere eşitdirip bilermisiňiz ýa-da körleri - açyk zelalatda bolan kimseleri dogry ýola salyp bilermisiňiz?!

41. Bes, (Biz kapyrlary ýok etmezden öňürti) sizi gidersek, (ýagny, wepat etdirsek hem), elbetde, Biz olardan (ahyretde) ar alarys.

42. Ýa-da, elbetde, Biziň olara wada kylan närsämizi (ýagny, başlaryna düşjek azaby ýaşaýan çagyňyzdakaňyz) size görkezeris. Çünki, Biz olara (azap bermäge) kadyrdyrys.

43. Bes, siz özüňize wahyý edilen närsäni - Gurhany mäkäm tutuň! Elbetde, siz Dogry Ýoldasyňyz.

44. Elbetde, ol (Gurhan) siz üçin hem, kowumyňyz - ymmatyňyz üçin hem şöhratdyr we ýakynda (kyýamat gününde bu ylahyý nygmat dogrusynda) (sizden) soralar.

45.(Eý, Muhammet), Biziň sizden öň iberen pygamberlerimizden sorap (ýagny, olaryň getiren dini taglymatlaryny öwrenip) görüň hany, Biz Rahmandan (Özümizden) özge ybadat edere "ylah" etdikmikäk?! (Ýok, ähli pygamberler ýalňyz Alla ybadat etmäge ündändirler!)

46. Anyk ki, Biz Musany Öz aýat-mugjyzalarymyz bilen Firawun we onuň adamlaryna iberdik. Şonda ol: "Elbetde, men barça adamlaryň Perwerdigäriniň pygamberi- dirin" diýdi.

47. Indi haçanda ol Biziň aýat-mugjyzalarymyzy olara getirenden soň olar öz-özünden (mugjyza-gudratlaryň üstünden) gülüp başladylar.

48. Biz olara (tupan, çekirtge belalary kibi azap aýatlaryndan) bir aýat görkezsek, elbetde, ol (özünden owalky)dan beterräk aýat bolardy. Ýöne (küfrden imana) gaýtsynlar diýip, Biz olary (dürli) azap bilen tutduk.

49. Olar (Biziň aýatlarymyzy görenden soň, Musaga): "Eý, sährgär, saňa beren (dogaňy mustejap - kabul etjegi hakyndaky) wadasynyň haky-hormatyna Perwerdigäriňe biz üçin doga kyl. (Eger, ol seniň dogaň sebäpli, bizden bu azaby aýyrsa), elbetde, biz hidaýat taparys (ýagny, Alla iman getirip, dogry ýola düşeris)" diýdiler.

50. Indi haçanda Biz (Musanyň dogasynyň şerapaty bilen) olardan azaby aýyrsak, (ýene-de) olar (ähtlerini) bozup başladylar.

51. We Firawun öz kowumyna jar salyp, aýtdy: "Eý, kowumym, Müsür patyşalygy we bu aşagyndan akyp duran daryýalar meniň (mülküm) dälmi?! Göreňzokmy?!

52. Belki, men, ine, şu hor we (öz maksadyny) beýan edip bilmeýän kimseden (Musadan) ýagşyrakdyryn?!

53. Bes, oňa (Musaga asmandan edil patyşalaryň boýnuna güldesse oklanyşy-lyk) altyn bilezikler oklansady ýa-da onuň bilen bile perişdeler hemra bolup gelsedi (onda, onuň pygamberdigine ynansaňyz hem bolardy . Beýle bolmasa, näme üçin Oňa iman getirersiňiz)?!"

54. Bes, ol öz kowumyny ýeňilkellelik etdirdi, olar oňa boýun syndylar. Hakykatda, olar pasyk kowumdylar.

55. Indi haçanda olar Bizi gazaplandyrandan soň, Biz olardan öç aldyk - olaryň hemmesini (deňze) gark edip goýberdik.

56. Bes, olardan soňkular üçin olary geçmişiň göreldesi edip goýduk.

57.*(Eý, Muhammet), haçanda binni Merem (Meremiň ogly Isa) mysal getirilse, kowumyňyz öz-özünden bu mysala şatlanyp, gygyryp başlaýarlar.*

58. Olar: "Biziň ylahlarymyz (hudaýlarymyz) gowumy ýa olmy (ýagny, Isamy?!") diýdiler. Olar (bu mysaly) diňe size jedelleşmek üçin getirdiler. Aslynda, olar uruşgan, dawagär kowumdyrlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlar müşrikleriň Merem ogly Isany mysal edip, Muhammet alaýhy-s-salamy gabajak boluşlary dogrusyndadyr. Pygamber alaýhy-s-salam kureýş- lilere: "(Eý, müşrikler), siz hem, Allany goýup, sygynýan butlaryňyz hem jähennem odunlarydyr" aýatyny (Enbiýa süresi, 98-nji aýat) tilewat edende, müşrikler gazaplanyşyp: "Eý, Muhammet, bu diňe bize degişlimi ýa-da barça milletleremi?" diýip soradylar. Hezret olara: "Bu aýat ähli döwürlerdäki müşriklere we olaryň sygynýan närselerine degişlidir" diýip jogap berende, olaryň biri turup: "Sen-ä Isany Allanyň pygamberidir diýýärsiň, nasranylar bolsa, oňa hudaý diýip sygynýarlar. Bes, eger Isa nasranylaryň ony hudaý edip alanlary sebäpli, dowzaha düşýän bolsa, biz hem öz hudaýlarymyz bilen dowzaha düşmäge razydyrys. Indi bize aýtgyn ki, biziň hudaýlarymyz ýagşymy ýa Isamy?" diýdi. Şonda ýokardaky aýatlar asmandan inip-nazyl bolup, Isa pygamber wepat bolup gidenden soň, nasranylaryň ony hudaý edip almaklarynda,

Isanyň günäciniň ýoklugy, bu müşrikleriň bolsa, diňe jedelleşmek üçin şeýle bihuda mysallary getirýändikleri beýan edilýär. Aşakdaky aýatlarda Merem ogly Isanyň kim bolandygy dogrusynda ýene bir gezek tekrarlanýar.

59. Ol diňe Biziň (pygamberlik) engam eden bir bendämizdir. Biz ony (atasyz dünýä getirmek bilen) Beni Ysraýyl üçin (gudratymyzy äşgär edýän) bir mysal-ybrat kyldyk.

60. Eger islän bolsak, elbetde, siziň ornuňyza Ýerde halypa (halyf) boljak perişdeleri (peýda) ederdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda Alla tagala üçin diňe Isany atasyz ýaratmak däl, eýsem, Ýer ýüzündäki barça adamlary ýok edip, deregine perişdeleri getirmegiň hem aňsat işdigi düşündirilýär.

61. Elbetde, (Isa kyýamat) sagady hakyndaky bilim - alamatdyr. Bes, siz ol (sagat) hakynda hergiz şek-şübhe etmäň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Sahabaýy kerimlerden Ibn Apbas we Katadanyň aýtmaklaryna görä, (Alla olardan razy bolsun!), kyýamat kaýym bolmagynyň öňünde Alla Isa alaýhy-s-salamy dünýä düşürip, ol bütin Ýer ýüzünde yslam düzgünini ýöretmeli. Şonuň üçin bu aýatda "Isa -kyýamat alamatydyr" diýilýär. Indi aýatyň dowamynda Muhammet alaýhy-s-salama buýrulýar.

(Eý, Muhammet, Mekge iline aýdyň); "Maňa tirkeşiň. Ine, şu Dogry ýoldur".

62. Sizi hergiz şeýtan (Allanyň dininden) sowmasyn. Elbetde, ol siziň üçin açyk duşmandyr.

63. Haçanda Isa anyk-röwşen hüjjet-mugjyzalary getirende, aýtdy: "Ine, men size Hikmet-Injil bilen, ikirjiňlenýän käbir zatlaryňyzy anyklaşdyrmaga geldim. Bes, Alladan gorkuň we maňa etagat ediň!

64. Elbetde, Allanyň Özi Perwerdigärim we Perwerdigäriňizdir, bes, (ýalňyz) Oňa ybadat ediň! Ine, şu Dogry Ýoldur".

65. Soň (nasyranylaň arasyndan bölünen) toparlar (käbirleri Isany "hudaý" diýip, käbirleri ony "Hudaýyň ogly" diýip) özara ikä bölündiler. Bes, ol zalym kimselere agyr Gün -kyýamatyň azaby hakykat bolgaý!

66. Olar diňe özleri hem duýmadyk ýagdaýlarynda (Kyýamat) sagadynyň gelmegine garaşýarlar, bolany.

67. Ol Günde dostlar bir-birine duşmandyr, meger, diňe (Alla ýolunda dostlaşan) takwalar (baky dostluga ýetýändir).

68-69. (Ol Günde olara aýdylar): "Eý,'Meniň aýatlaryma iman getirip we musulman bolup ýeten bendelerim, bu Gün siziň üçin howp-hatar ýokdur we gamgyn bolmarsyňyz.

70. Siz jübüti-halallaryňyz bilen bile şady-horram bolup, jennete giriň!"

71. Olara altyn tabaklarda tagam we bulgurlarda (şerap) aýlarlar. Ol taýda göwün isleýän, göziň dokunýan (hemme) zat bardyr. Siz o taýda baky galarsyňyz.

72. Edip öten amallaryňyz sebäpli, size miras berlen jennet şudur.

73. Siz üçin onda köp miwe - bakjalar bolup, sizem ondan iýersiňiz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda bäş günlük takwalyk bilen ýaşap öten mömin-musulmanlar üçin jennetdäki näz-nygmatlaryň baky tükenmezligi, ondaky bag-miweleriň bolsa, hazan urmazlygy beýan edildi. Indi dinsiz bolan asy-günäkärleriň akybetleriniň nähili boljakdygy habar berilýär.

74. Elbetde, jenaýatçy kimseler (kapyrlar) jähennem azabynda baky galarlar.

75. Olaryň azaby ýeňledilmez we olar şol (azapda galyp) bütünleý namyrat bolarlar!

76. Olara Biz zulum etmedik, ýöne olar (öz-özlerine) zulum etdiler.

77. Olar (dowzah hyzmatkäri bolan perişdä): "Eý, Mälik, Perwerdigäriň Bize Öz hökümini etsin (ýagny, tizräk janymyzy alsyn, biz bu azapdan gutulaly" diýip) nyda edenlerinde ol: "Elbetde, siz ebedi (azapda) galarsyňyz" diýdi.

78. Anyk ki, Biz size Hak-Gurhany getirendiris, emma siziň köpiňiz Haky ýaman görýärsiňiz.

79. Belki, olar (ýagny, Mekge müşrikleri pygamber alaýhy-s-salamyň janyna kast etmek üçin) bir işi karar edendirler?! Bes, elbetde, Biz hem (Öz pygamberimize olaryň mekir- liginden najat berip, kast etjekleriň özlerini heläk etmäge) karar ederis.

80. Belki, olaryň gümanyça, Biz olaryň syrlaryny (bilýändiris) we pyşyrdylaryny eşidýän däldiris?! Beýle däl! Biziň ilçilerimiz (perişdeler) olaryň alnynda (her bir eden işlerini) ýazyp durýarlar!

81.(Eý, Muhammet, "Allanyň perzendi bar" diýýän müşriklere) aýdyň: "Eger Rahmanyň perzendi bolsa, men (ol perzende) ybadat etjekleriň birinjisi bolardym, (emma) Onuň balasy hem, obasy hem ýokdur)!"

82. Asmanlar we Ýeriň Perwerdigäri, Arş Eýesi (bolan Alla) olaryň ýöňkeýän aýbyndan päkdir!

83. Bes, siz olary terk ediň! Olar tä özlerine wada berlen Güne ýüzbe-ýüz bolýançalar, (nähak ýollara) düşüp, (öz dünýälerinde) gülüp-oýnap ýörübersinler!

84. Ol asmanda hem ylahdyr, Ýerde hem ylahdyr. Ol hikmet eýesi we bilijidir.

85. Asmanlar we Ýer hem-de olaryň arasyndaky bar närseler patyşalygy Özüniňki bolan (Alla) berketli, beýikdir.(Kyýamat) sagady hakyndaky bilim hem ýalňyz Onuň huzuryndadyr. Ýalňyz Oňa

gaýtarylarsyňyz.

86.(*Müşrikleriň Allany) goýup, doga-dileg edýän butlary (Kyýamat gününde bir kişinem) şepagat etmäge eýe bolup bilmez, meger, özleri bilen hallarynda Hak güwälik beren (ýagny, "Hiç hili ylah ýok, meger, ýalňyz Allanyň bardygyna güwälik berýärin" diýen) kişiler (Allanyň idin-eradasy bilen şepagat kylmaga kadyr bolarlar).*

87.(*Eý, Muhammet), kasam ki, eger siz olardan özlerini kimiň ýaradandygyny sorasaňyz, elbetde, olar: "Alla" diýerler. Bes, (şol Ýaradana ybadat kylmaga derek) nirä öwrülip gitjekkäler?!*

88.(*Alla tagala Muhammet alaýhy-s-salamyň): "Perwerdigärim, hakykatdan hem, ana, şolar iman getirmeýän kowumdyr" diýen (sözlerini hem biler).*

89. Bes, (eý, Muhammet), siz olardan ýüz öwrüň we "Dynçlyk-amanlyk bolsun" diýiň. Bes, olar ýakynda (küfri-isýanlarynyň akybetiniň nähili boljagyny) bilerler!

44. TÜTÜN SÜRESI

Bu süre hem Mekgede nazyl kylnan bolup, elli dokuz aýatdyr.

Süre Gurhany kerimiň mübärek Gadyr gijesinde inderilendigini habar bermek bilen başlanýar.

Soňra bu eziz Kitaba şek-şübhede bolan müşrikler asmandan "tütün" - gubar ýagdyryljak Günden habardar edilýär. Süräniň "Duhan" - "Tütün" diýlip atlandyrylmagy hem şondandyr.

Bu sürede Alla tagalanyň pygamberi Musa alaýhy-s-salamyň Firawun kowumyna iberilişi we oňa iman getiren adamlara nähili najat berlip, inkär edenleriň nähili heläkete ýolugandyklary doly beýan edilýär.

Süre kapyrlaryň .başyna düşýän dowzah elhençliklerini we möminler üçin taýýarlanyp goýlan jennet manzarlaryny - menzillerini teswirlemek bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ha. Mim.

2-3. Açyk - röwşen Kitaba - Gurhana kasam ki, elbetde, Biz ony bir mübärek - bereketli gijede nazyl kyldyk (inderdik). Hakykatdan hem, Biz (ynsanlary işbu Gurhan bilen ahyret azabyndan) habardar ediji bolduk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Köp ulamalaryň aýdyşlaryça, bu gije Remezan aýynyň Gadyr gijesi bolup, Gurhany kerim şol gijede inip başlandyr.

Onuň "mübärek - bereketli gije" diýilmegine sebäp bolsa, jahalat zulmatlarynda galyp, öz ýoluny ýitiren ynsanet älemi şol gijede asman bilen baglanyşyp, ondan özi üçin tä kyýamat dessuryl - amal bolýan ylahyý ýol-ýordamlar alyp başlanlygydyr. Bu gijäniň ýene başga-da hyslatlary - sypatlary bar bolup, olar hakda aşakdaky

aýatlarda zikr edilýär.

4. Ol (gije)de barça pugta-anyk iş(ler) aýrylar (belleniler).

DÜŞÜNDIRIŞ. Ibn Apbas - Alla ondan razy bolsun - aýdypdy, ki, Alla tagala tä gelejekki senäniň şu gijesine çenli boljak, bendelere degişli barça işler hakynda hökum eder.

5.(Bu gijedäki takdyr edilýän barça işler) Biziň huzurymyzdan bolan Işdir. Hakykatdan hem, Biz (beşerlere - adamlara pygamberler) iberýäris;

6.(Bu) Perwerdigäriňiz tarapyndan rahmet - mähribanlykdyr. Elbetde, Onuň Özi (barça närsäni) eşidýändirem, bilýändirem.

7. Eger çynyňyz bilen ynansaňyz (şol siziň Perwerdigäriňiz) asmanlaryň we Ýeriň hem-de olaryň arasyndaky bar närseleriň hem Perwerdigäridir.

8. Hiç hili ylah ýok, meger Onuň Özi bardyr. Ýaşaýyş berenem, ölüm berenem Onuň Özüdir. Siziň Perwerdigäriňiz hem, owalky ata-babalaryňyzyň Perwerdigäri hem (Onuň Özüdir).

9. Ýok, olar (ýagny, müşrikler gaýtadan diriliş dogrusynda) şek-şübhede bolup, (Allanyň pygamberleriniň üstünden gülüp) oýnarlar.

10. Bes, (eý, Muhammet), siz asmana açyk (ýagny, hemmelere görünýän) tütüni getirýän GÜNe göz tutuň!

11. Ol (tütün barça) adamlary dolap alar. Bu ejirli azapdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ymam Buharynyň rowaýat etmegine görä, kureýşliler pygamber alaýhy-s-salama azar-ezet ýetirip, öz küfri-pällerinden gaýtmanlaryndan soň, pygamber olara bet-doga edip, Alla tagaladan Kureýş tiresiniň başyna hem Ýusup pygamber döwürlerinde bolup geçen gahatçylyk ýaly bela ibermegi sorapdyr. Şonda birnäçe ýylyň dowamynda şeýle bir gurakçylyk we gahatçylyk bolupdyr, adamlar ellerine düşen zady

iýip başlapdyr we ygalsyzlykdan gurap giden ýerden göterilen çaň-tozan ýeru-asmany gaplan, olaryň açlykdan we teşnelikden ejizlän gözlerine tüsse ýaly görnüp başlapdy. Ine, şondan soň, olar Alla tagala doga-dileg etmäge tutunýarlar.

12."Ýa, Perwerdigär, Özüň bizden bu azaby algyn. Indi biz iman getireris".

13-14. (Emma) olar(başlaryna düşen bu bela-apatlardan) nädip görelde - ybrat alsyn? Olara anyk pygamber (Muhammet alaýhy-s-salam) geldi, ondan hem ýüz öwürdiler we: "(Oňa Gurhan birewler tarapyndan) öwredilipdir, (ol) mejnun!" diýdiler. (Bes, açyk-röwşen mugjyza -Gurhany getiren pygambere iman getirmän, ondan ýüz öwren kimseler başga bir närsäden pent - nesihat alarmydylar?!)

15. Elbetde, Biz bu azaby (tizden) biraz (wagtlyk) aýrarys, siz bolsa, (öz küfri - isýanyňyza) gaýdarsyňyz.

16. Biziň elhençlik bilen tutýan Günümizde (ýagny, Bedr jeňinde ýa-da kyýamat gününde) Biz olardan öç alarys.

17. Anyk'ki, Biz olardan öň Firawun kowumyny hem synag edendiris we olara bir pygamber (Musa alaýhy-s-salam) gelendir.

18.(Musa olara diýdi): "Siz maňa Allanyň bendelerini (ýagny, Beni Ysraýyl kowumyny) gaýtaryp beriň! Elbetde, men size ynamdar pygamberdirin".

DÜŞÜNDIRIŞ. Mälim ki, Firawun we onuň kowumy bolan kibtiler Beni Ysraýyl kowumyny ezip, olara azar ýamanyny berýärdiler. Musa pygamber Alla tagalanyň emri bilen Firawun alnyna baryp, ondan Beni Ysraýyl kowumyny azat etmegi talap edýär. Bu aýatlarda şol zatlar hakynda habar berilýär.

19."We Alla kibru-howa (men-menlik) etmäň! Men size (özümiň hak pygamberdigime) açyk-röwşen delil - hüjjet (mugjyza) getirerin".

20.(Şonda Firawun we onuň kowumy Musany öldürmekçi bolup, howp salanlarynda ol aýtdy): "Elbetde, men Perwerdigärimden we Perwerdigäriňizden siziň maňa daş ýagdyrmagyňyzdan pena sorandyryn. (Siziň howpuňyzdan gorkmaz men).

21. Eger maňa iman getirmeseňiz, onda meni ýalňyz goýuň!"

22. Bes, ol Perwerdigärine: "Hakykatdan hem, olar jenaýatçy kowumdyr (ýagny, Özüň olara jeza bergin)" diýip doga etdi.

23. Şonda (Alla Musaga wahyý iberdi): "Bendelerim (ýagny, Beni Ysraýyl kowumy) bilen bile gije ýola çyk! Elbetde, siziň yzyňyza düşiler (ýagny, Firawun we onuň goşuny yzyňyzdan kowup ýeter).

24. We deňzi ýuwaş (siz geçeniňizde ikä bölüner, ana, şol ýagdaýda) galdyryň (we Firawunyň goşuny bilen ondan geçerinden gorkma). Şek-şübhesiz, olar gark ediljek goşundyr".

25-26. Olar ençe-ençe baglary, çeşmeleri, ekinzarlyklary we uly-gözel ýerleri galdyryp (özleri gark bolup) gitdiler!

27. We ençe-ençe özleriniň wagtyhoşluk eden nygmatlaryny (galdyryp gitdiler)!

28. Ine, şeýle! Biz ol (nygmatlary başga) bir kowuma miras edip berdik!

29. Bes, olara asman hem, Ýer hem aglamady we olara (toba-tagsyr üçin) möhlet hem berilmedi!

30-31. Hakykatdan hem, Biz Beni Ysraýyla hor ediji azapdan -Firawundan najat berdik. ol, hakykatdan hem, tekepbir hetden aşyjylardandy.

32. Hakykatdan hem, Biz olary (Beni Ysraýyl kowumyny) bilip (öz zamanlaryndaky barça) älemler(den) - adamlardan saýlap aldyk – afzal kyldyk.

33. We olara aýat-mugjyzalarymyzdan (deňziň dik ortasyndan bölünmegi, asmandan rysky-ruz ýagmagy ýaly) närsäleri eda etdik ki, olarda (pikir edýän, aňlaýan kowum üçin) açyk ymtyhan - synag bardyr.

34-35-36. Elbetde, ana, olar (ýagny, Kureýş kapyrlary: "Ölüm) diňe birinji ölümimizdir we biz gaýtadan dirilýän däldiris. Bes, eger (ahyret ýaşaýyşy hem bar diýen sözleriňizde) dogruçyl bolsaňyz, (ölüp giden) ata-babalarymyzy (gaýtadan dirildip) getiriň-dä" diýerler.

37. Olar (güýç-kuwwatda) ökderäkmi ýa-da Tubba kowumy we olardan owalky kimselermi?! Biz olary heläk etdik. Çünki, olar jenaýatçy - asydylar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Tubba - gadym zamanda Medine etrapynda ýaşap öten bir salyh patyşa bolup, onuň kowumy juda daýaw - kuwwatly kişilerdi. Olar öz güýç - kuwwatlaryna ynanyp, Tubbaga boýun egmänlerindei soň, Alla tagala olary heläk edipdi. Işbu aýat: "Bizi ýaşajak ýaşymyzy ýaşaýançak hiç kim heläk edip bilmez we ölenimizden soň, hiç kim dirildip bilmez" diýen kureýş kapyrlary hakyndadyr.

38. Biz asmanlary we Ýeri hem-de olaryň arasyndaky närsäleri oýnap, bihuda ýaradan däldiris.

39. Biz olary diňe Hak (kanun, düzgün) bilen ýaradandyrys. Emma olaryň köpüsi bilmezler.

40.(Hak bilen batylyň) aýrylyşýan GÜNi (ýagny, kyýamat güni) barçalarnyň (ynsanlaryň hasap-kitap) wagtydyr.

41. OL GÜNde dost dostuny hiç zatdan halas etmez we olara ýardam hem berilmez.

42. Meger, Allanyň rahmet eden kişilerine (ýardam berler). Elbetde, Onuň Özi gudratly we mähribandyr.

43-44. Elbetde, (dowzahyň ortasynda ösýän) Zakgum agajy günäkerleriň tagamydyr.

45-46. (Ol tagam) mysaly gaýnag suwuň gaýnaýşy ýaly garynlarda gaýnaýan - eredilen (ýakylan) ýagdyr! ("Gaýnag mis ýaly" diýlen görnüşi hem bar).

47-48. (Dowzah perişdelerine): "Ony (günäkäri) tutup, dowzahyň ortasyna südürläp alyp baryň, soňra kellesiniň üstünden gaýnag suw -azap guýuň" (diýip, emr ediler).

49-50. (oňa masgara etmek üçin: "Ine, şu azaby) dadyp görgün! Hakykatdan hem, sen "gudratly we beýiksiň". Bu (azap) siziň (pany dünýädekäňiz şek-şübhe eden zadyňyzdyr" (diýiler).

51-52. Elbetde, takwalar (ol Günde) ygtybarly jaýda - baglar we çeşmeler üstünde bolarlar.

53. Olar bir-birlerine ýüzbe-ýüz bolan ýagdaýlarynda ýüpek-atlaz parçalar geýip (oturarlar)

54. Ine, şeýle! Ýene biz olara ahu gözli hüýrleri jübüti-halal edip goýandyrys.

55. Olar o taýda dynç-hatyrjem bolup (hyzmatkärlere) barça miweleri getirderler.

56. Olar (jennetde) birinji ölümden (ýagny, pany dünýädäki göz ýumanlaryndan) başga ölümi datmazlar. (Alla) olary dowzah azabyndan saklandyr.

57. Bu Perwerdigäriňiz tarapyn bolan fazyl - merhemetdir. Ine, şu ulug bagtdyr.

58. Bes, (eý, Muhammet), hakykatdan hem olar ýatlatma - ybrat alsalar diýip, Biz (bu Gurhany) siziň diliňiz bilen aňsat - ýeňil edip

berdik. (Emma, olar Gurhanyň pent-nesihatlaryny kabul etmediler).

59. Bes, indi siz (olaryň hallarynyň nähili geçişine) göz tutuň! Olar hem, elbetde, (siziň heläketiňize) göz tutýandyrlar (garaşýandyrlar).

45. DYZA ÇÖKÜJILER SÜRESI

Otuz ýedi aýatdan ybarat bolan bü süre hem Mekge sürelerindendir.

Deslapky aýatlardaky dek, asmanlar we Ýerdäki her bir närsäde we waka - hadysada ýeke-täk Ýaradanyň barlygyna delalat edýän alamatlaryň ýüze çykýandygy öwredilýän bu sürede hem, söz, esasan, iman-ygtykat hakynda barýar.

Bu sürede ýene Beni Ysraýyl kowumyna Alla tagala tarapyn eda edilen naz-nygmatlara we artykmaç fazylatlara olaryň näşükürlik edendikleri hakynda we umuman, howaýy-nebislerini "hudaý" edip alan kimseler we olaryň tapjak akybetleri dogrusynda habar berilýär.

Süräniň ahyrynda kyýamat güni ýüz berýän ahwal teswirlenýär we ol Günde her bir ummat (ymmat) dyza çöküp, Allahy robbil - alemiýn tarapyn boljak höküme garaşyp duruşlary beýan edilýär.

Süräniň "Josiýa" - "Dyza çöküjiler" diýip atlandyrylyşynyň sebäbi-şudur.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ha. Mim.

2.(Bu Gurhan) gudratly we hikmetli Alla tarapyn inderilen kitapdyr.

3. Şek-şübhesiz, asmanlar we ýerde möminler üçin (Allanyň gudratyna we hikmetine delalat edýän) aýat-alamatlar bardyr.

4. Ýene siziň (bir damja suw - nuftadan) ýaradylyşyňyzda we (Allanyň Ýer ýüzünde) ýaýradyp goýberen janawerlerden ybarat närsälerde hem anyk ynanýan kowum üçin aýat - ybratlar bardyr.

5. Ýene gije we gündiziň çalşyp duruşynda we Allanyň asmandan ýagdyryp, onuň ýardamynda "ölen" ýeri dirildýän rysk-ýagmyrda hem-de şemallaryň ýönelişinde akyl ýöredýän kowum üçin

aýat-ybratlar bardyr.

6.(Eý, Muhammet), bular Allanyň aýatlary bolup, Biz olary size hak-rast tilewat edip berýäris. Bes, olar (Mekge kapyrlary) Allany we Onuň aýatlaryny goýup, haýsy söze iman getirýärler?!

7. Barça töhmetçi - ýalançylara heläket bolgaý ki,

8. Ol özüne tilewat kylnan Alla aýatlaryny eşider, soňra göýä olary eşitmedik ýaly kibri-howa edip, (öz küfründe) aýak diräp durar!

9. Haçan Biziň aýatlarymyzdan birini bilse, ol (aýat)lary ýaňsylar! Ana, şolar üçin hor ediji azap bardyr!

10. Olaryň arkasynda jähennem bar! Kesp edip, tapan (mal-dünýä, bala-çagalary) hem, Allany goýup, tutan "dost"lary hem olara bir närsede hem ýardam berip bilmez! Olar üçin ulug azap bardyr!

11. Işbu (Gurhan iman getirenler üçin) hidaýatdyr. Perwerdigäriniň aýatlaryna kapyr bolan kimseler üçin bolsa, eşediý azapdan jebirli nesibe bardyr!

12. Alla (deňizdäki) gämileriň Öz emri bilen hereketde bolmagyny hem-de siziň (ol gämilerde) Onuň fazly-merhemetinden (rysky-ruz) islemegiňiz üçin deňzi boýun syndyryp goýandyr.

13. Ol Öz tarapyndan (öz isleg-eradasy bilen) size asmanlardaky we Ýerdäki barça närsäleri boýun syndyrdy'. Elbetde, munda oýlanýan kowum üçin aýat-ybratlar bardyr.

14.(Eý, Muhammet), iman getirenlere aýdyň, olar Allanyň (wada kylan hasap-kitap) günlerinden näumyt bolan kimseleriň (ýetiren azar-ezetlerini) geçirip goýbersinler. Täki (Alla şol azarlara sabyr-takat eden) kowumy kesp eden närsäleri (ýagny, geçirip goýberenleri) sebäpli sylaglar!

15. Kim bir ýagşylyk etse, bes, özi üçin (öz peýdasyna) eder, kim ýamanlyk etse, öz zyýanyna eder. Soňra Perwerdigäriňize gaýtarylarsyňyz.

16. Hakykatdan hem, Biz Beni Ysraýyl (kowumy)na kitap - Töwrat, hikmet we pygamberlik eda etdik we olary halal-päk närselerden rysklandyrdyk hem-de olary (öz zamanlaryndaky) barça älemden üstün etdik.

17. Ýene Biz olara (din) işleri hakynda anyk-röwşen hüjjetler eda etdik. Bes, olar ylalaşmadylar, meger olara (Biz tarapyn din hakynda) ylym-hüjjet gelenden soň, özara dawa-jenjel etdiler. Elbetde, Perwerdigäriňiz kyýamat gününde olaryň arasynda ylalaşmadyk närseleri hakynda höküm eder.

DÜŞÜNDIRIŞ. Teswirçileriň aýtmagyna görä, bu aýatlarda Beni Ysraýyl kowumy we olaryň özlerine Alla tagala tarapyn berlen şeýle anyk aýat-mugjyzalardan, näz-nygmatlardan soň hem, özara içigaralyk -ýamanlyga, din hakynda dürli ynamsyzlyga berlip gidendikleri dogrusynda hekaýa edilmeginden maksat - Mekge müşrikleriniň dürli azar-ezetle-rinden kynçylyga düşen Muhammet alaýhy-s-salama teskin - teselli bermekdir we ony hem edil Musa pygamberiň Beni Ysraýylyň zulumyna sabyr edişi ýaly, sabyr-takat etmäge çagyrmakdyr.

18. Soňra (Eý, Muhammet), Biz sizi (din) işinden bir. Şerigat (anyk-röwşen ýol) üstünde berkarar etdik. Bes, siz (diňe şu ýola) eýeriň we bilmeýän kimseleriň howaýy-nebislerine eýermäň!

19. Çünki, (eger siz olaryň howaýy-nebisleriniň görkezen zelalat ýoluna ýörseňiz), olar sizden Alla tarapyn bolýan bir närsäni-de (azaby) gaýtaryp bilmez. Elbetde, zalymlar bir-birine dostdur. Alla bolsa, takwalaryň dostudyr.

20. Şu (Gurhan barça) adamlar üçin (röwşen) görkezmedir we anyk ynanýan kowum üçin hidaýat we rahmetdir.

21. Belki, ýamanlygy - günäleri kesp eden kimseler Biziň olary hem iman getiren we ýagşy amallar edenler ýaly etmegimizi we durmuşlaryny hem, wepatlaryny hem (ýagny, dünýälerini hem ahyretlerini hem möminler bilen) barabar eder öýdüp oýlandylar?! Nägadar ýaman (nädogry) höküm kylýarlar-a?!

22. Alla asmanlary we Ýeri (Özüniň ylahyý gudratyna delalat etmek üçin) we her bir jany mazlum bolmadyk ýagdaýynda öz kylan amallary sebäpli jezalandyrmak üçin hak (kanun we nyzam) bilen ýaratdy.

23.(Eý, Muhammet), howaýy-nebsini özüne "ylah" edinen we Alla ony bilip, ýoldan azdyryp, gulagyny we köňlüni möhürläp. gözüniň öňüne perde tartyp goýan kimsesini gördüňizmi? Bes, ony Alla (ýoldan azdyranyn)dan soň, kim hidaýat edip biler?! Eýsem, ýatlatma-ybrat almaýarsyňyzmy?!

24. Olar (ýagny, kyýamaty inkär edýänler: "Ýaşaýyş) diňe dünýädäki ýaşaýy-şymyzdyr. (Käbirlerimiz) ölüp, (başgalarymyz) dünýä inýäris we bizi (Alla öldürmeýär, belki) diňe (wagtyň) geçmegi öldürýär" diýdiler. Sebäp, olarda bu barada birem bilim-düşünje ýokdur. Olar diňe (şeýle) güman edýärler, bolany.

25. Haçan olara (gaýtadan dirilmegiň haklygy dogrusynda) Biziň röwşen aýatlarymyz tilewat edilse, olaryň (bu aýatlara garşy bar) delilleri diňe:"Eger rastgöý bolsaňyz, hany, ata-babalarymyzy (dirildip) getiriň" diýmekleri bolar.

26. Aýdyň: "Alla size ýaşaýyş berer, soňra (ajalyňyz ýetenden soň) öldürer, soňra sizi hiç şek-şübhesiz (gelýän) Kyýamat Gününe toplar". Emma adamlaryň köpüsi (muny) bilmeýär.

27. Asmanlar we Ýerdäki bar mülk Allanyňkydyr. (Kyýamat) sagady kaýym bolýan Günde - ana, şol Günde bozgak kimseler zyýan

çekerler!

28.(Ol Günde) barça ymmaty (gorky we howsala bilen) dyza çöken halda görersiňiz. Her bir ymmat namaýy-amalyna - günäleri ýazylyp goýlan kitaba çagyrylar, (soň olara aýdylar); "Bu gün edip öten amallaryňyz bilen jezalandyrylarsyňyz.

29. Ine, bu Kitabymyz (ýagny, Biziň emrimiz bilen ýazylan amalna-maňyz) size hakykaty aýdar. Biz siziň eden hemme amallaryňyzy (şu amalnama) göçürip goýandyrys".

30. Indi iman getirenlere gelsek, olary Perwerdigär Öz rahmet-jennetine dahyl eder. Bu açyk bagtyň özüdir!

31. Indi kapyr bolan kimselere gelsek, (olara aýdylar): "Eýsem, size Meniň aýatlarym tilewat edilmänmidi?! Bes, siz (ol aýatlara iman getirmän), men-menlik etdiňiz we jenaýatkär kowum bolduňyz!"

32. Haçanda (size): "Hakykatdan hem, Allanyň wadasy rastdyr, (Kyýamat) sagady, şek-şübhesiz, (gelýändir)" diýilse, siz: "Biz ol sagadyň nämedigini bilmeýäris, diňe güman edýäris, bolany. Biz (kyýamat sagadynyň geljegine) anyk ynan- maýarys" diýdiňiz.

33.(Ine, indi) olara edip geçen ýamanlyklary äşgär boldy we öz ýaňsylap öten (azaplary) olary orap aldy!

34. We (olara) aýdyldy: "Edil siziň şu günki duşuşygy unudyşyňyz ýaly, Biz hem bu gün sizi "unudarys". Siziň jaýyňyz dowzahdyr we sizi (dowzah azabyndan halas ediji) ýardamçylar hem ýokdur!

35. Munuň sebäbi - siz Allanyň aýatlaryny ýaňsylapdyňyz we sizi pany dünýä aldapdy. Bes, bu gün olar (dowzahdan) çykarylmaz we olardan (Allanyň razy bolýan amallaryna) gaýtmak hem talap edilmez.

36. Bes, barça hamdy-sena asmanlaryň Perwerdigäri, Ýeriň Perwerdigäri, bütin älemler Perwerdigäri Alla üçindir.

37. Asmanlar we Ýerdäki barça beýiklik ýalňyz Onuňkydyr! Ol gudrat we hikmet sahybydyr.

46. GUM DEPELERI SÜRESI

"Ha". "Mim" harplary bilen başlanýan bu soňky - ýedinji süre Mekgede hasyl edilendir we otuz bäş aýatdan jemlenendir. Ol Gurhany kerimiň" gudrat we hikmet sahyby bolan Alla tarapyn inderilen Kitapdygyny tassyklamak bilen başlanyp, müşrikleriň sygynýan butlarynyň hiç bir närse ýaratmaga hem, olaryň doga-dileglerini eşitmäge hem kadyr bolmadyk jansyz daşlardygy düşündirilýär.

Bu sürede her bir ynsanyň ata-enesine ýagşylyk etmäge emr edilendigi dogrusynda habar berilýär, perzendi dogrup, hatara goşýança enäniň çekýän kynçylyk-mähnetleri aýratyn teswirlenýär.

Bu sürede öten pygamberlerden Hud alaýhy-s-salamyň Ýaman ýurdundaky gum depelerini mesgen tutan Aat kabylasyny ýalňyz Alla tagala ybadat etmäge çagyrandygy, olaryň bolsa, güýç-kuwwatlaryna baýrynyp, pygamberiň çakylygyny inkär edişleri we netijede heläkete duçar bolandyklary habar berilýär. Süräniň "Ahkaf" "Gum depeleri" diýlip atlandyrylmagynyň sebäbi şudur.

Süre pygamber alaýhy-s-salamy kapyrlar tarapyndan çekýän azar-ez-ýetlerine sabyr-takat kylmaga çagyrmak bilen hatym edilýär-soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Ha. Mim.

2.(Bu Gurhan) gudratly we hikmetli Alla tarapyn inderilen Kitapdyr.

3. Biz asmanlary we Ýeri hem-de olaryň arasyndaky närseleri diňe Hak (kanun) we (kyýamat gününe çenli) belgilenen mütdet bilen ýaratdyk. Kapyr bolan kimseler bolsa, habardar edilen närseden (ýagny, ahyretdäki azapdan) ýüz öwürýänlerdir (ony inkär edýänlerdir).

4.(Eý, Muhammet, müşriklere) aýdyň: "Siz Allany goýup, doga-dileg edýän (butlaryňyz) hakynda habar beriň - maňa bir görkeziň, olar Ýerde näme ýaradypdyrlar?! Ýa-da olaryň asmanlary (ýaratmakda) şärikligi barmy?! Eger rastgöý bolsaňyz, maňa işbu (Gurhan)dan ozal (inderilen we siziň butlara sygynmagyňyzy tassyklaýan) bir kitaby ýa-da bir ylmy eseri (ýagny, owalky ulamalardan galan birje anyk delili) getiriň!"

5. Allany goýup, kyýamat gününe hem (dogany) mustajap (kabul) kylmaýan butlara doga-dileg edýän kimseden beter ýoldan azan kim bar?! Ýöne ol (jansyz butlar) şol (müşrik)leriň dogalaryndan gapyldyr!

6.(Kyýamat gününe) ynsanlar (hasap-kitap üçin) toplanan wagtynda, şol (butlar) olara (müşriklere) duşman bolarlar we olaryň (Allany goýup, özlerine) ybadat edenlerini hem inkär ederler!

7. Haçanda olara Biziň anyk-röwşen aýatlarymyz tilewat edilse, kapyr bolan kimseler Hak (Gurhan) dogrusynda, ol özlerine gelen wagty, (oýlanman); "Bu açyk sährdir" diýerler.

8. Ýa-da olar ("Gurhan Muhammediň) özi toslandyr" diýýärlermi?! Aýdyň: "Eger ony özüm ýazan bolsam, onda siz maňa Alla tarapyn beriljek azapdan bir närsäni-de (dep etmäge) eýe bolup bilmersiňiz (ýagny, onda Allanyň Özi Onuň şanyna ýalan ýöňkänim üçin meni hiç kim gaýtaryp bilmeýän azap bilen jezalandyrardy. Bes, men sizden däl, belki, Alla tagaladan gorkanym üçin size Hak wahyýy - sözi getirýändirin)! Ol (Alla) siziň jedelleşýän närsäňizi (ýagny, Gurhany bir sähr-jady, bir toslama diýýäniňizi) ýagşy bilýändir. Onuň Özi men bilen siziň araňyzda ýeterlik güwädir. Ol magrypatly, mähribandyr".

9.(Eý, Muhammet), aýdyň: "Men pygamberleriň ilkisi däldirin (ýagny, menden owal hem Allanyň pygamberleri ötendir, nämüçin siz meniň pygamberligime haýran galyp, inkär edýärsiňiz?!) Men (gelejekde) ne

özüme we ne size näme ediljegini bilmeýärin (ýagny, gaýypdan habardar däl men). Men diňe özüme wahyý kylnan närsä eýerýärin. Men diňe açyk habardar edijidirin".

10. Aýdyň: "(eý, müşrikler), hany habar beriň, eger (işbu Gurhan Allanyň huzuryndan bolaýsa, sizem oňa kapyr bolsaňyz we Beni Ysraýyldan bolan güwä hem, ol (Gurhan)yň meňzeşini (ýalňyz Alla tarapyn inderilendigine) güwälik berip, iman getiräýse, sizem (oňa iman getirmän) men-menlik etseňiz (onda siz iň zalym adamlar bolup galmaz- mysyňyz?!) Elbetde, Alla zalym kowumy dogry ýola düşürmez!"

DÜŞÜNDIRIŞ. Teswirçileriň aýdyşlaryna görä, Beni Ysraýyl kowumyndan bolan güwä - ýahudy Abdullah ibn Salam bolup, ol adam pygamber alaýhy-s-salamyň ýanyna gelip, Gurhany kerimiň aýatlaryny diňländen soň, birnäçe soraglaryna Resulallahdan anyk jogap alandan soň, Gurhanyň ylahyý Kitapdygyna we Muhammet alaýhy-s-salamyň Hak pygamberdigine derhal - şobada iman getiripdir.

11. Kapyr bolan kimseler iman getirenler hakynda: "Eger (bu Gurhan) oňat bolanlygynda, (aýakýalaňaçlar) oňa bizden öň barmazdylar" diýdiler. Olaryň özleri onuň (Gurhan) bilen hidaýat tapmansoňlar: "Bu köne ýalan toslamadyr" diýerler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Mälim ki, Yslam dinini ilkibaşda Gammar, Bilal, Suhaýb, Habbab ýaly garyp biçäreler kabul edipdiler. Şonuň üçin müşrikler ýokardaky sözleri aýtdylar.

12. Ondan (Gurhandan) owal Musanyň ymam we rahmet bolan Kitaby (Töwrat) bardy. Bu (Gurhan) araby dildäki (özünden öň inderilen barça ylahyý Kitaplary) tassyklaýjy bir kitapdyr. Ol zalym - kapyr bolan kimseleri (ahyret azabyndan) habardar etmek üçin we gözel amal edýänlere (jennet hakynda) hoşhabar bermek üçin (inderilendir).

13. Elbetde, "Perwerdigärimiz Alladyr" diýen (Dogry Ýolda) üstün bolanlar üçin howp-hatar ýokdur we olar gamgyn bolmazlar.

14. Ana, şolar jennet eýeleri bolup, ol jaýda baky galarlar. (Bu) olaryň edip öten amallarynyň sylagydyr.

15. Biz ynsany ata-enesine ýagşylyk etmegi buýrdyk. Enesi onuň üçin horlanyp, hamyladar bolup, horlanyp (ony) dograndyr. Oňa hamyladar bolmak we ony (süýtden) aýyrmak (möhleti) otuz aýdyr. Indi haçan ol kämillige ýetip, kyrk ýaşy dolanda: "Perwerdigärim, Sen meni, maňa we atam-eneme engam eden nygmatyňa şükür etmäge muwapyk etgin we Özüň meniň üçin nesilimde hem ýagşylyk etgin (ýagny, perzentlerimi hem ähli salyh bendeleriňden etgin). Elbetde, men Saňa (eden barça günälerimden) toba kyldym we elbetde, men musulmandyryn" diýdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty-Kerimde ýene her bir ynsana ata-enä ýagşylyk etmek buýrulýar. Tebygy bir sowalyň ýüze çykmagy mümkin: nämüçin Gurhanda bada-bat ata-enä muhabbet görkezmegiň wajyplygy aýdylýar-da, perzentlere mähribanlyk etmegi buýurýan aýatlar duş gel-meýär? Kelamullany çintgäp okap-öwrenen adam ondan ýokardaky sowala jogap tapyp biler: Gurhanda ýekeje-de bihuda jümle ýa-da söz ýokdur. Alla tagala mömin-musulmanlary kämil ynsan edip taýýarlamak üçin haýsy permany näçe mertebe tekrarlamaly bolsa, ony şonça gezek hasyl edipdir. Sebäbi, Ýaradan Öz bendeleriniň bedeni taraplaýyn hem, ruhy hususyýet-lerinden hem ýagşy habardardyr. Meselem, Ol ata-enä, hususan-da enä öz perzentleri dogrusynda şeýle bir kän mähir bagyşlapdyr, ene üçin iň agyr, hatda hatarly döwür bolan hamyladarlyk we dogurmak döwri hem-de çagajygy emdirip, terbiýelemek ýyllary ata-enäniň iň bagtly pursat-lardyr. Şeýlelikde, ata-enäni perzende ýagşylyk etmegi buýrybermegiň özi artykmaç bir işdir. Emma perzentleriň ulalyp ýa-da öz ogul-gyzlary bilen meşgul boluşyp, käte ata-enelerine biperwaý bolmaklary mumkin. Şonuň üçin Gurhan perzentlere ata-enäniň öňündäki borçlaryny ýatladyp durýar.

Ýokardaky aýatyň dowamynda kämillik ýaşy bolan kyrk ýaşa ýeten musulman kişi üçin Alla tagaladan nähili dileg etmegiň laýykdygy beýan edildi. Indi aşakdaky aýatda, ana, şeýle hyslat - duýgy-häsiýet eýeleri bolan mömin-musulmanlaryň gelejek - akybetleri hakynda habar berilýär.

16. Ana, şolar şeýle adamlar bolup, Biz olardan eden iň gözel 'amallaryny kabul ederis we uçmahylaryň hatarynda olaryň günälerini geçip goýbereris. (Bu) olara wada edilen çyn wadadyr.

17. Ýene bir kimse bar bolup, ata-enesine: "Tüfu size! Siz maňa (ölenimden soň, gaýtadan dirilip, gabyrdan) çykaryljagym hakynda wada berýäňizmi? Menden öňem-ä ençe nesiller ötüpdi (olaryň heý biri gaýtadan dirilip geldimi)" diýer. Ol ikisi (ata we ene) Alladan medet diläp, (ogullaryna seredip); "Bagty ýatan! Iman getir, çünki, Allanyň (barça bendelerini gaýtadan diriltjekdigi hakdaky) wadasy hakdyr" (diýseler), ol: "Bu diňe könekileriň ertekisidir" diýer.

18. Ana, şolar (şonuň ýalylar) şeýle kimseler bolup, olaryň üstüne özlerinden öňki öten ynsu-jynsdan ybarat (kapyr) ymmatlar hatarynda (azap) Sözi hak bolandyr. Elbetde, olar zyýana galdylar.

19.(Möminleriň we kapyrlaryň) her biri üçin öz eden amallary sebäpli, dereje - mertebeler bardyr. Çünki (Alla) olara eden amallaryny(ň sylagyny we jezasyny) kämil edip berer we olara zulum edilmez.

20. Kapyr bolan kimseler oda getirilen Günde (olara diýiler): "Siz öz hezzet-hormatyňyzy pany dünýädekäňiz geçirdiňiz we olardan peýdalanyp bolduňyz. Indi bu Günde ýerde nähak men-menlik kylanyňyz we etagatsyz bolanyňyz sebäpli, horluk azaby bilen jezalandyrylarsyňyz".

21.(Eý, Muhammet), Aat (kabylasy)nyň byradaryny (ýagny, Hud pygamberi) ýatlaň! Şonda ol özüniň gum depelerdäki kowumyna: "Siz

ýalňyz Allaňyza ybadat ediň! Men, hakykatdan hem, siziň üstüňizdäki ulug Günüň azabyndan gorkýaryn" diýip, habardar edipdi, – hakykatdan hem, ondan ozal hem, ondan soň hem habardar ediji (pygamber)ler ötendir!

22. Olar: "Sen bizi hudaýlarymyzdan sowmak (ýüz öwürtmek) üçin geldiňmi?! Onda eger dogruçyl bolsaň, bize wada edilen närsäni (ýagny, Allanyň azabyny) getird-ä!" diýdiler.

23. Ol aýtdy: "(Azap geljek waggynyň) bilimi ýalňyz Allanyň huzuryndadyr. Men size öz ilçi edilip iberilen dinimi ýetirýärin. Emma men siziň nadan kowumdygyňyzy görýärin".

24. Bes, haçanda olar şol (azab)y öz topragyna tarap gelýän bir gara bulut ýagdaýynda görenlerinden soň: "Bu bize ýagyş getirýän bulutdyr" diýdiler. - "Ýok, ol siziň öz tizleşdiren närsäňiz - bir tupandyr, onda sütemli azap bardyr.

25. Ol Perwerdigäriň emri bilen barça närsäni weýran kylar" (diýildi). Bes, ol tupan gelip, Aat kabylasyndaky kapyrlary hem, mal-hallaryny hem heläk etdi. (Barçalary gyrlyp - ýitip), diňe daň atanda, olaryň öý-jaýlary göze ildi. Biz jenaýatçy - asy kowumy, ine, şeýle jezalandyrýarys.

26.(Eý, Mekge ili), Biz olara (mal-dünýä we güýç-kuwwat tarapdan) size berilmedik närsäleri beripdik we olara gulak, göz, dil bagyşlapdyk. (Ýöne) olar Allanyň aýat-mugjyzalaryny inkär edendikleri üçin olara gulaklaram, gözlerem, dillerem peýda bermedi (ýagny, Hak ýoly görüp, peýdalanyp bilmediler). We olary öz ýaňsylan närseleri (Allanyň azaby) dolap aldy.

27.(Eý, Mekge ili), anyk ki, Biz siziň etrabyňyzdaky oba-şäherleri heläk etdik. Biz olara (küfri-garşylyklaryndan) gaýtsynlar diýip, aýat-mugjyzalary doly beýan edipdik. (Emma, olar gaýtman), heläkete duçar boldular.

28. Eýsem, özleriniň Allany goýup, (Allaga) ýakyn hasaplan "hudaý"lar diýip tutan - sygynan butlary (heläkçilikden gutulmak üçin) olara ýardam berseler bolmadymy?! Ýok, ol (butlar müşrikleriň ýardama mätäç bolan wagtlarynda olardan) gaýyp bolup gitdi! Bu (ýagny, butlar butparazlary Alla ýakyn edýär diýen kanuny) olaryň ýalan toslamalarydyr we (Alla şanyna) ýöňkän töhmetleridir.

29.(Eý, Muhammet), ýatlaň. Biz siziň ýanyňyza birtopar jynlary Gurhany diňlesin diýip iberipdik. bes, haçanda olar (Gurhan okalmagyna) häzir bolanlaryndan soň, (biri-birlerine): "Lal-jim duruň" diýdiler. Indi haçanda (tilewat etmek) gutarandan soň, öz kowumlarynyň alnyna duýduryjy bolup, gaýdyp gitdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat edişleriçe, pygamber alaýhy-s-salamyň huzuryna birnäçe gezek jyn taýpasynyň wekilleri gelip, Gurhany diňläp giden ekenler. Bu aýatdaky waka şolaryň biri bolup, ony getirmekden maksat - Mekge müşriklerine duýdurmakdyr. Olara: "Ynsan taýpasyndan bolmadyk jynlar Gurhany bir gezek diňlänlerinden, oňa iman getirip, başga jynlary hem imana getirmäge gitseler, siz öz diliňizdäki Gurhana, öz iliňizdäki pygambere iman getirmän, kapyrlygyňyza galarsyňyz diýmekdir. Aşakdaky aýatlarda jynlaryň öz kowumlarynyň alnyna baryp, Gurhan habaryny ýetirişleri beýan edilýär.

30. Olar aýtdylar: "Eý, kowumymyz, hakykatdan hem, biz Musadan soň inderilen, özünden owalky (ylahyý Kitap)lary tassyklaýan, Hak (dine) we Dogry Ýola hidaýat kylýan bir Kitaby - Gurhany diňledik.

31. Eý, kowumymyz, Alla (ýoluna) çagyryjy (Muhammet alaýhy-s-salamyň çakylygy)ny kabul ediň we oňa iman getiriň, (şonda Alla) siziň günäleriňizi magrypat eder we size sütemli azapdan pena berer.

32. Kim Alla (ýoluna) çagyrýanyň (çakylygy)ny kabul etmese, bes, ol Ýer ýüzünde (bir ýere) gaçyp gutuljak däldir we onuň üçin (Alladan)

özge (Onuň azabyndan gutarjak) "dost"lar hem ýokdur, Ana, şolar açyk zelalatdadyrlar".

33. Eýsem, olar (ahyrete gaýtadan direlmegiň hakdygyny inkär edýän kimseler) asmanlary we Ýeri ýaradan, olary ýaratmaga ejizlik etmedik - Allanyň ölenleri direltmäge hem kadyrdygyny (oýlap) görmedilermi?! Ýok, elbetde, (Alla ölenleri diriltmäge hem kadyrdyr). Çünki, Ol barça zada kadyrdyr.

34. Kapyr bolan kimseler dowzaha dahyl kylynýan Günde (olara): "Işbu (azap) hak däl ekenmi?! diýilende, olar: "Ýok, Perwerdigärimize kasam kn, (bize wada kylnan azap hak eken)" diýerler. (Şonda Alla) aýdar: "Bes, kapyr bolanyňyz sebäpln, ine, şu azaby dadyň!"

35. Bes, (eý, Muhammet), siz hem (öten) pygamberleriň sabyr-çydam edişleri ýaly (müşrik- leriň azar-ezetlerine) sabyr ediň we olara (inýän azaby) tizleşdirmäň! Olar özlerine wada edilen azaby gören Günlerinde göýä (bu dünýäde) gündiziň bir sagadyny ýaşan ýaly bolarlar! (Bu Alla tarapyn inderilen) bir benaýat - habardyr. Bes, diňe boýun synmaýan kowum heläk ediler.

47. MUHAMMET SÜRESI

Mekgede inderilen - nazyl bolan bu süre otuz sekiz aýatdan ybarat.

Onda esasan, Alla ýolunda jihad etmek we ol jeňde berjaý edilmegi lazym bolan tertip-intizam we kada-kanunlar hakynda söz barýar. Şonuň üçin ony "Jeň" süresi diýip hem atlandyrýarlar. Bu sürede möminlere, eger olar Allanyň dinine kömek berseler, Allanyň hem olara ýardam berjekdigi düşündirilýär.

Şeýle hem, garşyňdaky duşmana jeň edilende, aradaky mynapyklardan hem ägä bolup, ähtiýaçly bolup durmagyň lazymdygy aýdylýar we olaryň käbir sypatlary - etmişleri doly beýan edilýär.

Süräniň soňunda Alla tagala mömin-musulmanlara Özüniň olar bilen biledigini aýdyp, olary hak ýolunda köşeşmän oňat hereket etmäge çagyrýar. Bu süre pygamber alaýhy-s-salamyň ady bilen "Muhammet" diýlip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Kapyr bolan we (özgeleri hem) Allanyň ýolundan sowan kimseleriň amallaryny (Alla) zaýa giderer.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatda özleri imansyz bolup, başgalary hem din-iman ýolundan sowýan kimseler ýagşy amallar etseler hem, olara hiç hili sylag-sogap berilmeýändigi beýan edildi.

2. Iman getiren we ýagşy amallar eden hem-de Muhammet (alaýhy-s-salama) inderilen närsä (Gurhana) - megerem, ol Perwerdigäri tarapyn gelen Hakykatdyr, - iman getirenleriň bolsa, (Alla) ýamanlyklaryny - günälerini öçürer we işlerini oňlar.

3. Muňa (ýagny, kapyrlaryň amallarynyň zaýa bolmagyna we möminleriň günäleriniň öçürilmegine) sebäp - kapyr bolan kimseleriň batyl (ýol)a eýerenleri, iman getirenleriň bolsa,

Perwerdigäri tarapyn bolan Hak (Gurhan ýolu)na eýerenleridir. Alla ynsanlara olaryň mysallaryny, ine, şeýle beýan edip berer.

4. Bes, (eý, möminler) haçanda siz (jeň meýdanynda) kapyr bolan kimseler bilen garşyla- şanyňyzda boýunlaryna uruň - öldüriň! Indi haçan olary(ň köpüsini) gyryp, (ýeňeniňizden soň, galanlaryny ýesir alyp) ýüp bilen baglaň! Soň .ýa (olary azat etmek bilen) merhemet görkeziň, ýa (olary galdyrmak üçin) fidýa - töleg alarsyňyz. Täki uruş ýüklerini bes edýänçe (ýagny, togtaýança, size buýrlan iş) ine, şudur. Eger Alla islese, olardan (jeň-jenjelsiz hem) üstün bolar (olary ýok eder)di, emma Ol siziň birewleriňizi birewleriňiz bilen synag etmek üçin (sizi jeňe buýrdy). Alla ýolunda öldürilenleriň amallaryny (Ol) hergiz zaýa gidermez.

5. Olary (jennet ýoluna) hidaýat eder we işlerini oňlar.

6. Olary (Allanyň) Özi - olara tanadan jennetine girizer.

7.*(Eý, möminler), eger siz Alla kömek berseňiz (ýagny onuň ýolunda jihad etseňiz), Ol hem size ýardam berer we (jeň meýdanynda) gadamlaryňyzy sabyt (berk) eder.*

8. Kapyr bolan kimseler üçin bolsa, heläket bolar we (Alla) olaryň amallaryny zaýa giderer.

9. Muňa sebäp - olaryň Allanyň inderen närselerini (ýagny, Gurhany we ondaky hökümleri) ýaman görendikleridir. Bes, (Alla) olaryň amallaryny bihuda giderdi.

10. Eýsem, olar Ýer ýüzünde seýri-syýahat edişip, özlerinden owalky (pygamberleri ýalançy hasaplap, imansyz giden) kimseleriň akybetleriniň nähili bolandygyny (olaryň nähili kysmata ýolugandygyny) görseler bolmadymy?!' Alla olaryň üstüne helaket iberip, (bütinleý ýok bolup gitdiler-ä)! Bu kapyrlar üçin hem edil şol (akybet-heläket)leriň meňzeşi bolar.

11. Muňa (ýagny, Allanyň möminlere ýardam berişine, kapyrlary bolsa, heläk edişine) sebäp - Allanyň iman getirenlere dostlugy, kapyrlar üçin bolsa, hiç hili dostuň ýoklugydyr.

12. Elbetde, Alla iman getiren we ýagşy amallar kylanlary aşagyndan derýalar akyp duran jennetlere girizer. Kapyr bolan kimseler bolsa, (ine, şu pany dünýäniň ötegçi lezzet- lerinden) peýdalanyp, çarwa haýwanlarynyň iýşi ýaly iýip-içerler we dowzah olaryň jaýy bolar!

13.(Eý, Muhammet), sizi kowup çykaran oba (ýagny, Mekge iline) görä (ili) güýç-kuwwatlyrak bolan ençe-ençe obany heläk edendiris. Bes, olar üçin birem ýardamçy bolan däldir.

14. Eýsem, Perwerdigäri tarapyn anyk-röwşen hüjjete (ýagny, Gurhana) eýe bolan kişi (ýagny, resulyllah we möminler), eden ýaman amaly özüne gözel görnen we nebsi-howa eýeren (kapyr) kimseler ýaly bolarmy?!

15. Takwalar üçin wada berlen jennetiň sypaty - mysaly (budur): "Onda bulanmaýan suwly derýalar hem, tagamy üýtgemeýän süýtli derýalar hem, içmäge ýakymly (ýagny, bettagam bolma- dyk we akyldan azdyrmaýan) meý-şeraply derýalar hem, dury bally derýalar hem bardyr. Olar üçin o taýda barça miweler bardyr we (olara) Perwerdigäri tarapyn magrypat (hem) bardyr. (Ana, şeýle jennet ili bolan takwalar) dowzahda ebedi galýan we (ol taýda) gaýnag suw bilen gandyrylyp, ol (suw) içegelerini bölek-bölek edip taşlan (kapyr) kimseler kibi bolarmy?! DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda Alla tagala möminler bilen kapyrlaryň hiç haçan deň bolmajaklaryny anyk deliller bilen beýan etdi we takwa möminleriň barjak jaýlaryny hem, kapyrlaryň tapjak akybetlerini hem janly suratlar bilen teswirledi. Indi aşakdaky aýatlarda söz mynapyklar we olaryň etmişleri hakynda barýar.

16.(Eý, Muhammet), olaryň (mynapyklaryň) arasynda şeýle kimseler hem bar ki, olar size gulak salyp durarlar-da, huzuryňdan çykan wagtlarynda, ylym berlenlerden (ýaňsylaşyp): "Ýaňy (Muhammet) näme diýdi?" diýip sorarlar. Ana şolar, Allanyň ýüreklerini möhürläp goýan, öz howaýy-nebislerine eýeren kimselerdir.

17. Hidaýat tapan - Dogry Ýola ýörenlere bolsa, (Alla) ýene hidaýatyny zyýada kylar we takwalyk berer (ýagny, olara haramdan saklanmagyň ýollaryny görkezer).

18. Olar (Mekge kapyrlary geçmişdäki öz pygamberlerini ýalançy hasap eden kowumlaryň duçar bolan heläketlerinden ýatlatma - ybrat almadylar) indi diňe duýdansyz (kyýamat) sagadynyň gelmegine garaşýandyrlar. Bes, olara (kyýamat sagady) gelende, ybrat almaga pursatlary neneň bolsun?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Diýmek, Alla tagalanyň aýat-mugjyzalaryndan pent-nesihat alyp, dogry ýolda ýörmegi isläń kişi - Kyýamat sagady gelmezinden öň pent-nesihat alsyn. Çünki, ol sagat gelenden soň, edilen tobanyň hiç hili peýdasy ýokdur. Eýýäm kyýamatyň ýakynlygy görnüp başlady. Özleriniň ýat bolmagy, aga-inileriň ýowa öwrülmegi, abraýlylaryň kemelip, pes-pasyk kimseleriň köpelmegi Kyýamatyň alamatydyr.

19. Bes, (eý, Muhammet), hiç hili ylah ýok, meger (diňe) Allanyň bardygyny biliň we öz günäňiz möminleriň, mömin aýallar(yň günäleri) üçin geçirim soraň! Alla siziň (bu dünýädäki) gezer jaýlaryňyzy hem, (ahyretde) barar jaýlaryňyzy hem biler.

20-21. Iman getirenler: "(Kapyrlara garşy jeň etmegi buýrulan) bir süre inderilsedi" diýerler. Indi haçan anyk bir süre inderilip, onda jeň zikr edilse, ýüreklerinde merez bolan kimseleri, edil (gelen) ölümden (gorkup), beýhuş bolup galan kimseleriň garaýşy bilen size garaýandyklaryny görersiňiz. (Belkem), olara etagat etmek we ýagşy söz (sözlemek) size laýygrakdy. Indi haçan iş - jeň (boljagy) anyk

bolsa, onda eger olar Alla (iman getirmek we Onuň jeň etmek hakyndaky emrine etagat etmekde) sadyk-rastgöý bolanlarynda, elbetde, özleri üçin ýagşy bolardy.

22. Eger (imandan) ýüz dönderseňiz, basym siz ýerde azgynlyk edersiňiz we tohum-tijiňiz (bilen hem aragatnaşygy) üzersiňiz!

23. Onuň ýaly kimseleri bolsa, Alla näletländir, bes, olaryň (gulaklaryny pent-nesihat eşitmekden) ker, gözlerini bolsa, (Dogry ýoly görup bilmeýän) kör edip goýandyr.

24 Eýsem, olar Gurhan hakynda pikir ýöretmeýärlermi? Belki, kalplarynda gulp bardyr (şonuň üçin ol kalplara hak nury ýetýän däldir)?!

25. Elbetde, özlerine hidaýat (ýoly) anyk-röwşen bolandan soň, ýene (yza küfre) gaýdyp giden kimselere (bu işleri) şeýtan gözel edip görkezdi we olar üçin (puç arzuw-hyýallary) uzak edip goýdy.

26. Muňa (ýagny, küfre gaýdyp gitmeklerine) sebäp - olaryň Alla inderen närsäni (Gurhany) ýaman gören kimselere: "Biz size käbir işlerde etagat ederis" diýendikleridir. Elbetde, Alla olaryň ýaşyran (syrlar)yny biler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Mynapyklar ýahudylar bilen musulmanlara garşy käbir rejeleri gizlin düzüp ýörýärdiler. Şu aýatda Alla tagala Öz pygamberine olaryň syrlaryny äşgär etdi.

27. Indi - perişdeler olaryň ýüzlerine we arkalaryna urup, janlaryny alýan wagtynda (olaryň haly) niçik bolar?!

28. Muňa (ýagny, ölüm pursatyndaky beýle azaba) sebäp - olaryň Allany gazaplandyrýan närsä (ýagny, mynapyklyk ýoluna, ikiýüzlülik ýoluna) eýerip, Onuň razylygyny (möminler bilen bile kapyrlara garşy jeň etmegi) ýaman görmekleridir. Bes, (Alla) olaryň (eden ýagşy) amallaryny hem bihuda giderdi.

29. Belki, kalblarynda merez bolan kimseler Alla özleriniň (kalblaryndaky möminlere bolan) ýamanlyklaryny äşgär etmez diýip oýlandyrlar?!

30. (Eý, Muhammet), eger Biz islesek, elbetde, size olary (mynapyklary) görkezip, tanadyp goýardyk, onda siz olary (Biziň belgiläp goýan) belgi-alamatlaryndan tanardyňyz. (Kasam ki, indi) elbetde, siz olary (olaryň sözleýän - zahyry imana delalat edýän, gizlini bolsa, küfr bolan) söz - äheň-uslybyndan tanarsyňyz. Alla siziň (barça) amallaryňyzy biler durar.

31. Elbetde, Biz tä siziň araňyzdaky (Biziň ýolumyzda malu-janlary bilen) jihad edýän we (ýagşy-ýaman günlerde) sabyr edýänleri hem-de siziň hal-habaryňyzy degşirip, ýüze çykarýançak, sizi synag ederis.

32. Elbetde, kapyr bolan we (özgeleri hem) Allanyň ýolundan sowan hem-de özlerine hidaýat (ýoly) anyk-röwşen bolandan soň, ýene pygambere garşy giden kimseler, Allaga birem zyýan ýetirip bilmezler we (Alla) olaryň (pygambere garşy gitmek ýolundaky barça) amallaryny bihuda giderer.

33. Eý, möminler, Allaga etagat ediň! We pygambere etagat ediň! We (küfr ýa mynapyklyk ýoluna girip, kylan) amallaryňyzy batyl, biderek etmäň!

34. Elbetde, kapyr bolan we (özgeleri hem) Allanyň ýolundan sowan, soňra kapyr hallarynda ölen kimseleri hergiz Alla magrypat etmez!

35. Bes, (eý, möminler), siz (kapyrlara garşy jeň etmekde hergiz) köşeşmäň, we özüňiz üstün bolan ýagdaýyňyzda (olary) ýaraşyga hem çagyrmaň! Alla siziň bilen biledir we Ol hergiz eden amallaryňyz(yň sogap-sylagyny) gaýgyrmaz.

36. Elbetde, bu haýýaty dünýä diňe (bir nepeslik) oýun-gülküdir. Eger siz iman getirseňiz, we takwa bolsaňyz, Ol size sylag-sogap berer we sizden mal-dünýä soramaz.

37. Eger (Alla) sizden (mal-dünýäleriňizi) sorap, sizi gynaýan bolsa, siz bahyllyk ederdiňiz we Ol siziň (ýüregiňizdäki) adawatlaryňyzy (ýamanlyklaryňyzy) äşgär eder.

38. Ine, siz şeýle kişiler bolup, Alla ýolunda haýyr-yhsan etmek üçin çagyrylýarsyňyz. Bes, (anyk ki) siziň araňyzda bahyllyk edýän kimseler hem bardyr. Kim bahyllyk etse, bes, elbetde, ol diňe öz zyýanyna bahyllyk eder (şeýdip, ol sylag-sogapdan mahrum bolar). Alla (siziň haýry-yhsanlaryňyzdan) baý-bihajat (oňa zar däldir), siz bolsa, (Onuň sylag-sogabyna) mätäçsiňiz. Eger siz (Allaga boýun synmakdan – etagat etmekden) ýüz dönderip gitseňiz, Ol (deregiňize) sizden başga bir kowumy çalşyp goýar, soňra olar siz ýaly bolmazlar (belki, päk ýürekden, çyn kalpdan Allaga tagat-ybadat ederler)!

48. ÝEŇIŞ SÜRESI

Bu süre Medinede nazyl edilen bolup, ýigrimi dokuz aýatdyr. Bu sürede pygamber alaýhy-s-salam bilen Mekge müşrikleriniň arasynda altynjy hijri ýylynda bolup geçen Hudaýbiýah sulhy hakynda we bu sulhuň -ýaraşygyň aradan bir ýyl geçip ýüz beren uly Ýeňşiň - Mekge müşrikleriniň üstünden gazanylan Ýeňşiň başlangyjy bolandygy dogrusynda söz gidýär. Süräniň "Fath" - "Ýeňiş" diýlip atlandyrylyşynyň sebäbi, hem şudur.

Ýene onda möminleriň din ýolunda eden jeň-jihadlary, imany durnuksyz kimseleriň we mynapyklaryň bolsa, bu jihada gitmän galmak üçin tapan bahanalary hakynda şeýle hem sahabalaryň tä başlaryna ölüm düşýänçe, Alla ýolunda göreşmek meselesinde resulyllaha eden kasamlary dogrusynda habar berilýär.

Bu sürede Allanyň Öz pygamberiniň gören düýşlerini rast edendigi hakyndaky aýat hem orun alandyr.

Süre Muhammet alaýhy-s-salamyň Hak pygamberidigini tassyklamak we onuň bilen bile bolan - onuň görkezen ýoluna ýören mömin-musulmanlaryň sypat-fazylatlaryny beýan etmek bilen hatym edilýär - soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2-3. (Eý, Muhammet), täki Alla siziň günäleriňizden owal öten we soň geljek närseleri (günäleriňizi) geçirmek üçin we size Öz nygmatlaryny kemally edip berip, sizi Dogry ýola düşürmek üçin hem-de size Allanyň gudratly ýardam bermegi üçin, hakykatdan hem, Biz size açyk-röwşen ýeňiş eda etdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Süre, ine, şeýle faýzy ylahyý - geçen-geljek günäleri geçmek, ylahyý nygmatlary kemally edip bermek, Dogry Ýola hidaýat, Alla tagala tarapyn berilýän Gudratly medet we açyk-röwşen ýeňşi yglan etmek bilen başlanýar. Şonuň üçin hem, pygamber , alaýhy-s-salam şu sürs inderilende: "Bu gije maňa dünýä we ondaky bar närsede bolan bir süre

inderildi" diýen eken. Eýsem, bu ýeňiş nähili ýeňişdi? Yslam taryhyndan mälim bolşuna görä, hijri senesiniň 6-njy ýylynyň ahyrynda (milady senesiniň 627-nji ýylynda), resulyllah özüniň bir ýarym müňe ýakyn sahabalary bilen Umra (sünnet bolan haj ybadaty) etmek niýeti bilen Medineýi minewwerden Mekgeýi mukarrama tarap ýola düşüpdir. Olar uruş niýetinde gitmeýänlerini bildirmek üçin Mekgä ýetip barýarkalar, gurbanlyga soýjak mallaryny öňlerine salyp, ýöräp barýardylar. Emma musulmanlar Mekgäniň etegindäki Hudaýbiýýa diýip atlandyrylýan bir ýere ýetip gelenlerinde müşrikler olary Beýtullaha girdirmän sakladylar. Şonda Muhammet alaýhy-s-salam maksadynyň Mekge şäherini gabamak däl-de, Käbeý-tullaha zyýarat edip, togap edip çykyp gaýtmakdygyny ýetirmek üçin Osman ibn Affan razyallahu anhunyň başlyklygynda bir topar ilçileri Mekge häkimlerniň huzuryna iberende, olar Osmany girew üçin ýesir aldylar. Emma pygamber alaýhy-s-salama müşrikler Osmany katl etdiler - öldürdiler diýip, habar barýar. Şonda resulyllah sahabalaryny Mekgäni zabt etmek - ýeňmek hakynda kasam etmäge çagyranda, olaryň barysy kasam etdiler ki, bu süräniň dowamynda doly hekaýat edilýär. Musulmanlaryň kasam içenlerini eşiden müşrikler öz adamlaryny Hudaýbiýaga iberip, bu ýyl musulmanla-ryň Käbeýtullaha girmezliklerini, eger razy bolsalar, indiki ýyl musulmanlaryň bimelal zyýarat etmekleri üçin özleriniň Mekgäni boşadyp berjekdiklerini bildirip, sulh - ýaraşyk teklip etdiler. Pygamberimiz bu teklibi kabul etdi we bu sulh Yslam dininiň taryhynda öwrülişik pursaty boldy. Çunki, mundan bary-ýogy bir ýyl owal musulmanlary Ýer ýüzünden ýok etmek niýetinde ymgyr köp leşger bilen Medinä baran Mekge müşrikleri bu gün olara garşy uruşmaga beýlede dursun, özleri ýaraşyk teklip edip, bu öz täsir-netijesi boýunça Yslam dininiň Hak din we ölmeýän bir dindigini aňladýardy.

Bu sulhuň - ýaraşygyň Mekgedäki we onuň etrapyndaky adamlara örän uly täsiri bolup, musulmanlaryň olar bilen dogry mylakatda bolmagy we Yslama ýol başlamagy netijesinde müňläp adam bu hak dine iman getirýär.

4. Ol (Alla) öz iman-ynamlaryna ýene ynam goşmak üçin möminleriň kalplaryna sakynat - aram inderendir. Asmanlar we Ýer goşunlary (ýagny, barlykdaky ähli janzat we güýçler) ýalňyz Allanyňkydyr. Alla bilim we hikmet eýesidir.

5. Ol mömin we mömin aýallary astyndan derýalar akyp duran, olaryň ebedi galjak ýamanlyk- laryny günälerini öçürmek üçin (olaryň kalblaryny kapyrlara garşy jihad etmek ýaly Öz buýran hökümlerinden teskin - aram tapýan edip goýdy). We bu Alla nazarynda uly bagt boldy.

6. We Alla hakynda (Ol Öz pygamberine we möminlere medet – ýeňiş bermeýär diýip) ýaman güman eden mynapyklary we mynapyk aýallary hem-de müşrikleri we müşrik aýallary azaplamak (üçin möminlere olara garşy jihad etmegi buýrdy). Olaryň üstüne heläket belasy düşgeýdir. Alla olara dergazap boldy, olary näletledi we olar üçin jähennemi niýetledi (taýýarlady). Ol nähili erbet jaýdyr!

7. Asmanlar we Ýer goşunlary Allanyňkydyr. Alla gudrat we hikmet sahybydyr.

8.*(Eý, Muhammet), hakykatdan hem, Biz sizi (kyýamat gününde barça) (ymmatlar üstünde) güwälik beriji, (möminlere jennet hakynda) hoşhabar eltiji we (kapyrlary dowzah azabyn- dan) habardar ediji edip iberendiris.*

9.*(Eý, ynsanlar), Biz bu pygamberi siziň Allaga we Onuň pygamberine iman getirmegiňiz üçin we Ony Allany beýikläp, sylag-hormat etmegiňiz hem-de ir-ertir, giç-agşam Ony päkläp, tesbyh aýtmagyňyz üçin (iberdik).*

10.*(Eý, Muhammet), hakykatdan hem, size kasam edenler, Alla-da kasam ederler - Allanyň eli olaryň elleriniň üstünde bolar. Indi kim (öz kasamyny) bozsa, bes, ol diňe öz zyýanyna bozar. We kim Alla bilen eden ähdi-peýmanyna wepa kylsa, onda (Alla) oňa uly sogap-sylag eda kylar.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Sahyhul-Buharaýyda rowaýat edilişine görä, Hudabiýah düzlügindäki bir daragtyň astynda jem bolan bir ýarym müňe ýakyn sahabalar pygamber alaýhy-s-salama gol berip, tä başlaryna ölüm sagady gelinçä, oňa wepaly bolmaga kasam etdiler. Gurhan olaryň pygamberiň

üsti bilen Allanyň Özüne baýat - kasam edendiklerini duşündirýär we bu kasam Yslam taryhynda "Baýatur-ryzwan", ýagny, Allanyň razy bolan kasamy diýen at bilen galýar. Bu hakynda şu sürede ýörite aýat bardyr.

11.(Eý, Muhammet), entäk (Medinä gaýdanyňyzdan soň) size arabylardan bolan (siz bilen Umra saparyna çykman) galan (ikiýüzli-mynapyk) kimseler: "Biz mal-mülklerimize we maşgalamyza meşgul bolup galdyk (şonuň üçin seniň bilen bile sapara çykyp bilmedik). Indi özüň biz üçin (Alladan) geçirim soragyn" diýerler. Olar dillerinde ýüreklerinde bolmadyk zady - ýalany aýdarlar. Aýdyň: "Eger (Alla) size bir zyýan (ýetirmek) islese, ýa-da Ol size bir peýda (getirmek) islese, o ýagdaýda kim size Alla tarapyn bolan (islendik) bir närsä(ni dep etmäge) eýe bolup biler? Ýok, Alla siziň edýän amallaryňyzdan habardardyr.

12. Belki, siz pygamber we möminler (bu sapardan) öz maşgalasyna - iline dolanyp gelmez diýip oýlansyňyz we bu (pikir) kalbyňyzda gözel görnüp, ýaman güman etdiňiz hem-de heläk bolýan kowum bolduňyz".

13. Kim Alla we Onuň pygamberine iman getirmedik bolsa, bes, Biz onuň ýaly kapyrlar üçin dowzahy taýýarlap goýandyrys.

14. Asmanlar we Ýer Allanyň mülküdir. Ol Öz islän kişilerine geçirim eder we Öz islän kimselerine azap berer. Alla geçirimli hem mähribandyr.

15. Entäk siz (Haýbar söweşinde ele salan) oljalaryňyzy almaga barýan wagtyňyzda (jihada çykman) galan kimseler: "Biz hem (şol oljalardan almak üçin) size tirkeşeli" diýerler. Olar Allanyň kelamyny üýtgetjek bolýarlar. Aýdyň: "Hergiz bize tirkeşmersiňiz. Alla öň (size) şeýle diýendir". Indi olar: "Ýok, siz bize ýamanlyk - bahyllyk edýärsiňiz" diýerler. Ýok, olar az aňlaýarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Pygamber alaýhy-s-salamyň baştutanlygynda sahabalar Hudaýbiýah sulhundun gaýdyp, Haýbar topragyndaky ýahudylara. garşy

jeň edip, ýeňiş gazanýarlar we uly oljany ele salýarlar. Bu oljalardan habar tapan mynapyklar, özleri söweşden gaçanam bolsalar, oljadan hantama bolanlarynda, bu aýat arkaly olara kesgin ret jogaby berildi we Alla tagalanyň bu oljalary diňe Hudaýbiýah- sulhuna gatnaşanlara degişli edip goýandygy beýan edilýär hem-de ol mynapyklaryň Allanyň buýran hökümlerindäki hikmeti aňlamaýandyklary äşgär edilýär.

16. Arabylardan (beduinlerden) bolan, (jihada çykman) galan (mynapyk) kimselere aýdyň: "Ýakynda siz güýç-kuwwatly bir kowum (bilen jeňe) çagyrylarsyňyz. (Şonda ýa) olar bilen uruşarsyňyz ýa-da olar (jeň-jedelsiz) Yslama girerler. Bes, eger (sizi kapyr kowuma garşy jihad etmäge çagyrýana) boýun synsaňyz, Alla size gözel sylag-sogap berer. Eger öňki ýüz öwrüp gidişiňiz ýaly, ýüz öwrüp gitseňiz, (Alla) sizi sütemli azap bilen jezalandyrar.

17.(Jihada çykman galmakdan) gözi ahmal adama utanç - taňlyk ýokdur, çolaga taňlyk ýokdur, hassa taňlyk ýokdur (ýagny, olary jihada çykman-dyklary üçin aýyplamaň). Kim Alla we Onuň pygamberine etagat etse, Ol ony astyndan derýarlar akyp duran jennetlere girizer. Kim ýüz öwrüp gitse, ony sütemli azap bile azaplar.

18-19. (Eý, Muhammet), hakykatdan hem, Alla möminlerden - olaryň daragt astynda size baýat - kasam eden wagtlarynda razy boldy. Bes, Ol olaryň kalblaryndaky närsä (sadakat we wepa)ny bilip, olara sakinat - aram inderdi we olary (Haýbar jeňinde gazanylan) ýakyn ýeňiş we (diňe) özlerine berilýän köp-köp olja bilen sylaglady. Alla gudrat we hikmet sahybydyr.

20.(Eý, möminler), Alla size köp-köp olja wada kyldy. Indi, ine, muny (Haýbar jeňinde ele salan oljalaryňyzy) bolsa, nagt etdi we (size duşman bolan) adamlaryň ellerini (size zyýan ýetirmekden) saklady. Täki (bu nygmatlar) möminler üçin aýat-ybrat bolgaý we (Alla) sizi dogry ýola düşürgeý.

21. Ýene siziň ele salmadyk (olja)laryňyz hem bar bolup, Alla olaryň (siziň oljalary- ňyzdygyny Öz ylahyý ylmy bilen) ölçändir. Alla ähli närsä kadyrdyr.

22. Eger (Mekge ilinden) kapyr bolan kimseler (sulh düzmäge derek) siziň bilen jeň edenlerinde, elbetde, yzlaryna garaman gaçardylar. Soňra olar bir dost hem, ýardamçy hem tapmazlar.

23.*(Bu, ýagny möminleriň peýda tapyp, kapyrlaryň zyýana galmagy) Allanyň ýoly - kanuny bolup, öň hem ötendir. Allanyň ýoluny bolsa, hergiz özgerdip bilmersiňiz.*

24. Ol (Alla) Mekgäniň içinde (ýagny, Hudaýbiýýahda) sizi olardan (mekge müşriklerinden) üstün edenden soň, olaryň elini sizden, siziň eliňizi olardan çekdi (ýagny, araňyzda ýaraşyk döretdi). Alla edýän amallaryňyzy görüp durandyr.

25. Olar (Mekge müşrikleri) kapyr bolan we sizi Metjit-al-Hyramdan, hadýa (gurbanlyk etmek üçin alan mallaryňyzy) bolsa, gabap, öz ýerine ýetmeginden saklan kimselerdir. Eger (Mekgede) siziň bilmeýän mömin kişileriňiz we mömine aýallar bolmasady - siz olary tanaman (müşriklerdir öýdüp) hüjüm edip, heläk ederdiňiz, olar sebäpli, size ar-günä ýetmesedi (Alla sizi Mekge ýöriş etmekden saklamazdy). Alla Öz islän kişilerini Öz rahmetine dahyl etmek üçin (ýagny, olaryň müşrikler hatarynda heläk bolup gitmezligi üçin jeň etmekden sizi saklady). Eger (möminler) aýry bolanda, elbetde, olardan (ýagny, Mekge ilinden) kapyr bolan kimseleri sütemli azap bilen azaplardy.

26. Şonda kapyr bolan kimseler ýüreklerindäki gazaby – dinsizlik gazabyny salanlarynda (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salamyň pygamberdigini inkär edip, musulmanlary Mekgä girmekden saklanlarynda) Alla Öz pygamberiniň üstüne Öz sakinatyny-aramyny inderdi we olara takwa kelemesini (ýagny, lä

iläha illalah kelemesini) lazym kyldy. Olar şol (kelemä) juda hakly we mynasypdylar. Alla barça närseleri bilýändir.

27. Kasam ki, Alla Öz pygamberine (onuň gören düýşüni) hak-rast kyldy: elbetde, siz (eý, möminler) enşalla Metjit al-Hyrama dynç-aman başlaryňyzy (saçyňyzy) syrdyran we (ýa-da) gysgaldan ýagdaýyňyzda howp-hatarsyz girersiňiz. Bes, (Alla) siziň bilmeýän zadyňyzy bilip, ondan (Mekge ýeňşinden) ozal ýakyn bir ýeňşi (Haýbar jeňindäki ýeňşi miýesser) kyldy.

DÜŞÜNDIRIŞ. Teswirçileriň rowaýat etmeklerine görä, pygamber aleýhy-s-salam Hudaýbiýýah sulhundan ozal düýşünde sahabalary bilen bile Mekgä girenlerini we Käbeýtullahy togap edip, käbirleri saçlaryny syrdyryp, käbiri gysgaldyp, haj-umra resmlerini eda edenlerini görüpdir we sahabalara bu düýşüni aýdyp beripdir. Bu hoşhabara uçursyz şatlanan sahabalar resulyllah bilen bile Umra ybadatyna berjaý etmek üçin Mekgäýi mukarrama tarap ýöriş etdiler. Emma Hudaýbiýýah düzlügine ýetip gelenlerinde, müşrikler tarapyndan ýollary kesilip, iki ortada öten aýatlarda äşgär bolan ýaraşyk düzülip, Mekgä girmezden, Medinä gaýdyp gidenlerinde, mynapyk kimseler: "Muhammediň gören düýşi rast çykmady-la diýip, musulmanlaryň arasynda gürrüň ýaýradanlarynda, ýokardaky aýat inderilip, pygamber alaýhy-s-salamyň düýşüniň, şek-şübhesiz, dogry gelmegi, emma Alla tagalanyň bendeleriniň bilmeýän syrlaryny bilip, Mekge ýeňşinden owal Haýbar jeňindäki ýeňşi miýesser edendigi hakynda habar berildi. Ine, şundan soň aradan bir ýyl geçip, Mekgede musulmanlar tarapyndan ýeňiş gazanyldy.

28. Ol (Alla) Öz pygamberi (Muhammet alaýhy-s-salam)y hidaýat we Hak din (yslam) bilen, ol (din)i barça din(ler)den üstün etmek üçin iberendir. Allanyň Özi (şu wadasynyň ýüze çykyşyna) ýeterli güwädir.

29. Muhammet Allanyň pygamberidir. Onuň bilen bile bolan (mömin)ler kapyrlara gaharly, öz aralarynda (möminler bilen) bolsa, rehimli, mähribandyrlar. Olary, (mydam) Alladan fazly-merhemet we razylyk diläp, ruku, sujud edýän ýagdaýda görersiňiz. Olaryň

ýüzünde sejde soňundan (galan) belgi-alamatlary bardyr. Ine, şu (ýagny, kapyrlara gaharly bolmak, möminlere mähribanlyk we köp namaz okap, ruku-sejde kylmak) olaryň Töwratdaky mysallarydyr (ýagny, Töwratda hem Alla tagala möminleri, ine, şeýle sypatlar bilen sypatlandyrandyr). Olaryň Injildäki mysallary bolsa, edil şaha çykaryp, kuwwata girip, ýognap, öz baldagynda dik duran, daýhanlary haýran galdyrýan ösümlige meňzeýär. (Möminleriň owal-başda ejiz, azlyk bolup, soňra ýuwaş-ýuwaş köpelip, güýçlenip gitmek- leriniň Injilde ýokardaky ýaly ösümlige meňzedilişi) kapyrlaryň gaharyny getirmek üçindir. Alla möminlere - iman getirip, ýagşy amal edenlere magrypat we ulug sylag-mukafat wada kylandyr.

49. HÜJRELER SÜRESI

Medinede nazyl bolan bu süre on sekiz aýatdyr.

Ol örän gysga süre bolandygyna garamazdan, yslamy edep-ahlaga degişli köp kada-kanunlary öz içine alandyr. Süre deslap möminleri Alladan we Onuň pygamberinden bidin bir iş ýa söz etmezlige buýrmak bilen başlanyp, soňra onda pygambere mylakat etmegiň edebi beýan edilýär. Şeýle hem, bu sürede jemgyýet tertibini saklamak üçin zerur bolan köp ýol-ýorgutlar görkezilýär. Süre möminleri birewi masgara edip gülmekden, bir-birege dürli lakamlar dakmakdan, gybat etmekden, dönüklik etmekden we özgelerden sebäpsiz betgüman bolmak ýaly gylyk-häsiýetlerden saklanmaga çagyrýar. Süräniň soňunda dillerinde iman getirdik diýýän, emma kalbyna iman nury girmedik kimseler dogrusynda habar berlip, hakyky möminleriň eýe bolmaly sypat-häsiýetleri hakynda söz açylýar.

Bu sürede pygamber alaýhy-s-salamyň jübüti-halallary bolan enele-rimiz ýaşan hüjreler hakynda zikr edilen aýaty-kerim hem bar bolany sebäpli, ol "Hujurat" - "Hüjreler" diýip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Eý, möminler, siz Alla we Onuň pygamberiň öňünden (ýagny, ikisinden idinsiz bir söze ýa işe) gadam basmaň! We Alladan gorkuň! Çünki, Alla eşidýändirem, bilýändirem.

2. Eý, möminler, (kylan ýagşy) amallaryňyzyň özüňiziň bilmedik ýagdaýyňyzda bihuda-bipeýda bolup galmazlygy üçin siz (pygamber bilen sözleşen wagtyňyzda) sesiňizi pygamberiň sesinden ýokary götermäň we oňa bir-biriňize açyk (gopal söz) aýdyşyňyz ýaly dagal söz aýtmaň!

3. Elbetde, Allanyň pygamberiniň ýanynda sesini pes edenler, - ana, şolar Allanyň kalplaryny takwalyk üçin imtihan - synag edenleridir (ýagny Takwalyk synagyndan geçenlerdir). Olara geçirim we uly sylag bardyr.

4. (Eý, Muhammet), elbetde, (siziň maşgalaňyz - aýallaryňyzyň ýaşaýan hüjreleriniň daşynda durup), sizi çagyrýan kimseleriň köpüsi akylsyz kimselerdir.

5. Eger olar tä siziň özüňiz olaryň ýanyna çykýançaňyz (sizi çagyryp biynjalyk etmän) sabyr etseler, elbetde, özleri üçin ýagşyrak bolardy Alla geçirimli, mähribandyr.

6 Eý, möminler, eger size bir ýaman adam bir habar getirse, siz (hakyky ahwaly) bilmän, bir kowuma erbetlik etseňiz, eden işiňize efsus-nedamat (puşman) etmezlik üçin (ol pasyk kimsäniň alyp gelen habaryny) anyklap-degşirip görüň!

7. We bilip goýuň, araňyzda Allanyň pygamberi bar. Eger ol köp işde size (imany kämil bolmadyk jahyl kimselere) boýun synsa, (ýagny Alla tarapyn wahyý inderilmegine garaşman, siziň getiren habaryňyza ynanýan bolsa), elbetde, siz bela-betere duçar bolardyňyz. Emma Alla size (imany kämil, takwalyk synagyndan geçenlere) imany söýgüli etdi we ony kalbyňyza gözel görkezdi hem-de size küfri (Alla we pygambere) boýun synmazlygy we gozgalaň - garşylygy ýaman görkezdi. Ana, (diňe) şolar (iman ýolunda bagtly gadam bolup, küfri-gozgalaňy ýaman gören kişiler) Dogry ýola ýöreýjilerdir.

8.(Bu) Alla tarapyn bolan fazly-merhemet we nygmatdyr. Alla bilim we hikmet sahybydyr.

9.(Eý, möminler), eger möminlerden iki taýpa (bir-birleri bilen) uruşsa, derhal olaryň arasyny oňlaň (ýaraşdyryň). Indi olaryň biri ikinjisiniň üstüne yrsarasa, bes, tä (yrsaraýan taýpa) Allanyň emrine

gaýdýança, siz yrsaran (taýpa) bilen urşuň! Indi eger ol (taýpa yrsaramakdan) gaýtsa, siz derhal olary ýaraşdyryň. (Mydama) adalatly boluň!

10. Möminler, hiç şek-şübhesiz, aga-inilerdir. Bes, siz iki aga-ininiň arasyny oňlaň (ýaraşdyryň). Alladan gorkuň - hökman rahmete duş bolarsyňyz.

11. Eý, möminler, (siziň) bir kowumyňyz (başga) bir (mömin) kowumy masgara etmesin - ähtimal, (şol masgara edilen kowum) olardan ýagşyrak bolaýmasyn. Ýene (siziň) aýallaryňyz hem (başga mömine) aýallary (ýaňsylap gülmesinler) - ähtimal, (şol ýaňsylanan aýallar) olardan ýagşyrak bolaýmasyn. Özüňizi (ýagny, bir-biriňizi) masgaralamaň we bir-biriňize lakam dakmaň (ýagny, birewleriňiz birewleriňize ýaman lakam goýmaň)! Imandan soň, pasyklyk bilen at gazanmak (ýagny, mömin kişiniň ýokardaky aýdylan pasyk işler bilen bellentgi bolmagy) nägadar ýamandyr! Kim toba kylmasa, bes, ana, şolar zalym kimseleriň özleridir.

12. Eý, möminler, köp gümandan çetleşiň! Çünki, käbir güman günädir! (Özgeleriň aýyplarynyň arkasyndan) içalyçylyk edip ýörmäň we birewleriňiz birewleriňiziň gyýbatyny etmesin! Eýsem, sizden (islendik) bir kişi öz ölen ýoldaşynyň etini iýmegi ýagşy görermi?! Ine, ýaman gördüňizmi?! (Bes, günäsi şondan hem artyk bolan gybaty hem ýaman görüň!) Alladan gorkuň! Elbetde, Alla tobalary kabul ediji, mähribandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýaty-Karimde möminler jemgyýetdäki tertip-intizamy bozýan we mähir-akybetiň ýok bolup gitmegine sebäp bolýan üç ymatdan - ýamanlykdan gaýtarylýar. Olaryň birinjisi - özgeler hakynda ýaman güman etmek, ikinjisi - birewleriň aýbyny agtaryp tapmak üçin arkasyndan içalylyk - jansyzlyk edip ýörmekdir. Şerigaty Yslamda şahsyň äşgäre edýän iş-amaly we aýdan sözi mukaddesdir. Ýagny, meselem, bir adamyň anyk bir aýba ýa jenaýata dahyllydygyna anyk delil bolmasa, onuň

şol aýyp ýa jenaýatda güman edilmegi haramdyr. Diňe onuň mynapyklygy-ikiýüzliligi, ýa-da haýynlygy anyk bolanda, oňa ýaman güman etmek we ondan heder etmek wajypdyr. Çünki, pygamber alaýhy-s-salamyň aýdyşy ýaly "Mömin kişi bir deşikden iki gezek çakylmaýar". Ýagny, bir hinde ýatan ýylan ýa-da içýan adamy iki gezek çakmaýar. Ýokardaky aýatda ýene gybatdan gaýtaryldy. Eýsem, gybat näme? Bu dogrusynda pygamberimiz şeýle diýipdir: "Gybat - doganyň yzyndan özi eşidäýse, gaharyny getirjek aýby-nogsany aýtmakdyr". Diýmek, bir möminiň yzyndan onda bolmadyk aýyplary oňa ýöňkemek gybat däl, belki, ol hakynda ýalan söz we töhmet bolsa, onda bar bolan aýyplary yzyndan aýtmak bolsa, ony sypatlandyrmak däl-de, gybat bolar. Indi gybatyň nägadar agyr günädigi dogrusynda bu aýatda Alla tagala tarapyn getirilen tymsal göreldelidir. Çünki, akyl-huşy ýerinde bolan adam başga bir ynsanyň etini iýmek islemeýär. Indi şol ynsan özüniň dogany bolsa, üstesine-de kemsidilip öldürilen bolsa?! Onuň etini iýmek dünýäde iň wagşy haýwanyň hem heder edýän jenaýatydyr! Bir möminiň yzyndan gybat etmek bolsa, ana, şondan-da agyrrak jenaýatdyr! Şonuň üçin hem pygamber alaýhy-s-salam: "Gybat etmek birewi nähak öldürmekden-de ýamanrakdyr" diýipdir.

13. Eý, ynsanlar, hakykatdan hem, Biz sizi bir erkek (Adamdan) we bir aýal (How ene)den ýaratdyk hem-de bir-biriňiz bilen tanyşyň (dost-dogan boluşyň) diýip sizi (dürli-dürli) halklar we kabylalar, ilatlar edip goýduk. Elbetde, siziň Alla alnyndaky iň hormatlyňyz takwalardyr. Elbetde, Alla biliji we ägädir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatda Yslam dininiň ynsanet älemine degişli bolan garýyşy beýan edilendir: birinjiden - barça ynsanlar bir ata-enäniň perzentleridir. Ikinjiden - ynsanlaryň dürli il-uruglara bölünmekleri bir-birleri bilen ýer ýa-da mal-dünýä ymtylyp, uruş-jenjel bilen ömür ötürmekleri üçin däl-de, belki, bir-birleri bilen tanyşyp,

hemdemlik etmekleri we birlikde zemini abat etmekleri üçindir. Şeýle hem, üçünjiden - adamlaryň Alla tagalanyň huzurynda abraý-ygtybarly bolmaklary mal-döwletli ýa-da ýokary gatlakdan bolmaklary bilen däl-de, Alladan gorkmak we Onuň inderen emri-permanlaryna boýun synyşlary bilen ölçeler.

14. Arabylar (beduinler): "Iman getirdik" diýdiler. (Eý, Muhammet olara) aýdyň: "Siz iman getiren dälsiňiz, emma siz "Boýun syndyk diýiň (çünki, häli-heniz) kalbyňyz iman getiren däldir. Eger siz Alla we Onuň pygamberine etagat etseňiz, Ol siziň (eden ýagşy) amallaryňyzdan (ýagny, olaryň sogabyndan) bir närsänem kemeltmez. Çünki, Alla geçirimli, mähribandyr".

DÜŞÜNDIRIŞ. Ulamalaryň aýdyşlaryça, bu we aşakdaky aýatlar Beni Asad atly tireden bolan bir topar arabylar hakda hasyl bolandyr Olar gahatçylyk ýylynda Medinä gelip, pygamber alaýhy-s-salama özleriniň mömin bolandyklaryny bahanalap, ondan musulmanlara degişli oljadan özlerine-de bermegini talap edýärler. Emma Gurhan olaryň kalblaryna iman girmändigini, olaryň diňe olja almak üçin Yslama wagtlaýyn girendiklerini äşgär edýär we olar halys ýürekden iman getirip, Alla we Onuň pygamberine etagat etseler, Alla tagalanyň olary bu dünýäde hem, o dünýäde hor etmejekdigi düşündirilýär.

15. Hakyky möminler diňe Alla we Onuň pygamberine iman getirip, soňra (hiç hili) şek-şübhe etmän, malu-janlary bilen Alla ýolunda göreşenlerdir. Ana, şolar (öz imanlarynda) berk durarlar.

16.(Eý, Muhammet, ol arabylara) aýdyň: "Siz Allaga diniňiziň (imanlaryňyzyň hakyky-dygyny) bildirmekçimisiňiz?! Elbetde, Alla asmanlardaky we Ýerdäki bar narsäni bilýändir!".

17. Olar size musulman bolandyklaryny minnet eder. Aýdyň: "Siz maňa musulman bolandygyňyz üçin minnet etmäň! Belki, eger (imanyňyza) sadyk bolsaňyz, Alla sizi imana hidaýat edendigini minnet eder.

18. Elbetde, Alla asmanlar we Ýerdäki gaýyp syrlary biler. Alla edýän amallaryňyzy görüp durandyr".

50. KAF SÜRESI

Kyrk bäş aýatdan ybarat bu süre Mekgede hasyl edilendir. Ähli Mekge süreleri ýaly, Yslamyň düzgün-kadalarynyň esaslary hakynda söhbet açýan bu sürede söz, esasan, ine, şu düzgün-kadalaryň bir bölegi bolan gaýtadan diriliş we bu dünýäde edip geçilen ähli amallaryň hasap-kitap edilişiniň haklygy dogrusynda barýar.

Süre aýatlary ahyreti inkär edýän kimseleriň nazaryny Ýeru-asmanlar-daky Alla tagalanyň ylahyý gudratyna delalat edip duran köp-köp täsinliklere gönükdirýär we Ýeru-asmany, ähli barlygy ýokdan bar edeniň olary gaýtadan diriltmäge hem kadyrdygy düşündirilýär.

Bu sürede hem gaýtadan dirilişi ýalan diýenleri sebäpli, dürli azaplara gariftar bolan owalky kowum-kabylalar ýene bir gezek ýatlanyp geçilýär.

Süre sur çylnyp, hasap-kitap üçin gabyrlardan çykylýan Günde bolýan waka-hadysalary beýan etmek bilen hatym edilýär. Süre özüniň ilki kelemesi bolan "Kaf" harpy bilen atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Kaf. (Eý, Muhammet), Ulug Gurhana kasam ki, (Biz sizi gaýtadan dirilişiň hakdygyny habar beriji pygamber edip iberenimizde, Mekge ili iman getirmedi).

2. Belki, olara (perişde däl-de), özlerinden bolan bir habardar ediji gelenine geň galyp, ol kapyrlar aýtdylar: "Bu juda gyzykly närse! –

3. Eýsem, biz ölüp, toprak bolup galanymyzda (ýene ýaşaýyşa gaýtarylýasmy?) Bu juda uzak (akyl ýetmeýän) gaýdyşdyr!"

4. Anyk ki, Biz Ýer olar(yň jesetleri)ni kemeldýändigini (ýagny, jesetleriniň çüýräp, topraga öwrülip barýandygyny) bildik. We Biziň

huzurymyzda (ähli närsäni öz sahy- palarynda) saklaýan Kitap (Lawhul Mahfuz) bardyr (diýmek, olary gaýtadan dirildip, hasap-kitap etmek Biziň üçin kyn iş däldir).

5. Ýok, olara Hak (Gurhan) gelen wagtynda ony hem ýalan diýdiler. Bes, olar bir näanyk işe - ahwala düşüp galanlar(dyr). (Şonuň üçin olar gähi Gurhany "sähr - jady" diýseler, gähi "şygyr" diýdiler, gähi bolsa, "owalkylardan galan efsana" - rowaýat diýdiler).

6. Eýsem, olar üstlerindäki asmany - Biziň ony nähili bina edip, (ýyldyzlar bilen) bezäp goýanmyzy we onuň deşiginiň - jaýrygynyň hem ýokdugyny görmedilermi?!

7. Ýeri bolsa, ýaýbaň, giň etdik hem-de onda (ösümlik, miwelerden) her dürli gözel jübütleri öndürip-ösdürdik.

8.(*Perwerdigärine*) *gaýdyjy her bendä görkezme we ýatlatma – ybrat bolsun diýip* (*şeýle etdik*).

9-10. Biz asmandan berektli suw - ýagmyr ýagdyryp, onuň ýardamynda baglary we orup almaly däne-düýneleri hem-de tirilýän (miweli) baldaklary bolan gözel hurmalary öndürip-ösdürdik.

11. Bendelere rysk bolsun diýip (şeýle etdik). Ýene ol (suw) ýardamynda öli şäheri - ýeri (topragy) diriltdik. (Ölenleriň öz gabyrlaryndan gaýtadan dirilip) çykmaklary hem, ine, şeýle bolar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýatlarda edil öli topragyň wagty-sagady bilen dirilip, baglara, gül-gülzarlara öwrülişi ýaly, ynsanlara hem kyýamat sagady gelip, gaýtadan jan bagyş edilip, gabyrlaryndan çykyşlary ýatladyp geçilenden soň, indi aşakdaky aýatlarda öň öten we ahyreti inkär eden kowum-tireleriň başyna düşen görgüler zikr edilýär.

12-13-14. *Olardan (Mekge kapyrlaryndan) öň Nuh kowumy, guýy eýeleri (ýagny, Şuaýb pygamberi ýalançy edendikleri sebäpli, guýa*

ýykylyp, heläk bolan kowum), Samud we Aat (tireleri), Firawun (we onuň kowumy) we Tubba kowumy hem (öz pygamberlerini) ýalançy hasap edipdiler. (Olaryň) barçasy pygamberlerini ýalançy hasap edenlerinden soň, Meniň wadam (ýagny, azabym olaryň üstüne) hak-wajyp boldy.

15. Eýsem, Biz owalky ýaradyşa (ýagny, ýokdan bar etmäge) ejizlik etdikmi?! Ýok, (ejizlik etmedik, diýmek, topraga öwrülen jesetlere gaýtadan jan bermäge hem ejizlik etmeris), olar bolsa, täze ýaradylyşa (ýagny, gaýtadan dirilmäge) şek-şübhededirler.

16. Anyk ki, ynsany Biz ýaradandyrys, (diýmek) onuň nebsiniň was-wasa salýan (ýagny, göwnüne gelen barça) närseleri hem bileris. Biz oňa jan damaryndan hem ýakyndyrys.

17. Şunlukda sag we çep (tarapynda) oturan iki kabul ediji (ýazyp durýan perişde ynsanyň aýdan we eden ähli ýagşy-ýaman sözlerini, amallaryny) kabul edip - ýazyp durarlar.

18. Ol bir sözem sözläp bilmez, meger (sözlese) onuň öňünde häziru-näzir bolan bir synlaýjy (perişde ol sözi ýazyp alar).

19. Ine, ölüm serhoşlygy (ýagny, jan çykar wagty) hak-rast (ýetip) geldi. (Eý, ynsan), bu (ölüm) seniň gaçjak bolan zadyňdyr.

20.(Gaýtadan dirilişe çagyrýan) Sur hem çalyndy. - Bu (kapyrlara azap) wada edilen Gündür! –

21.- We her bir jan özi bilen bile (ony magşargähe) äkidýän (bir perişde) we (onuň edip geçen amallaryna) güwälik berýän (bir perişde) bolan ýagdaýda geldi.

22.(Eý, ynsan), anyk ki, sen bu (agyr Günden) gaflatdadyň. Bes, Biz senden perdäni (ýagny, ine, şu Kyýamat güni hakyndaky şek-şübheleriňi) açyp goýberdik. Indi bu gün seniň gözüň juda ötgürdir.

23. Onuň (kapyryň) ýakyn ýoldaşy (bolan, onuň edip öten günälrini ýazyp - güwälik berýän perişde) aýtdy: "Ine bu (namaýy agmal) meniň huzurymda taýyn närsedir".

24-25. (Şondan soň dowzah hadymlaryndan bolan iki perişdä aýdylar): "Barça (Haka garşy giden) kaýsar, ýagşylygy gadagan eden, diýdimzor we (Allanyň dinine şek getiren) kapyry jähenneme taşlaň!

26.(Haýsy) bir kimse Alla bilen bile başga bir"ylah" etse, (ýagny, ýalňyz Allaga bir närsäni ýa-da bir kimsäni şärik kylsa) bes, ony ýowuz azaba taşlaň!"

27. Onuň ýakyny (bolan şeýtan): "Eý, Perwerdigär, ony men garşylyga salmadym, emma onuň özi (Hak ýoldan) yrak - zelalatda boldy" diýdi.

28.(Alla kapyra we onuň şeýtanyna) aýtdy: "Meniň dergahymda dawalaşmaň, anyk ki, Men öň size (kapyr bolandygyňyz sebäpli, ahyretde azaba gariftar boljagyňyz dogrusynda) wada edendirin.

29. Meniň dergahymda (wada edilen) söz üýtgedilmez we Men bendelerime zulum ediji hem däldirin.

30. Ol Günde Biz jähenneme "Dolduňmy?" diýeris, ol bolsa, "Ýene barmy" diýer.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda haýýaty dünýäden küfri-isýan bilen öten kimseleriň Kyýamat Gününde başdan geçirýän görgi-ahwallary doly beýan edilenden soň, indi takwalar üçin taýýarlanyp goýlan jennet menzil mekanlary teswirlenýär.

31. Jennet takwalara yrak bolmadyk bir mekana getirildi (we olara aýdyldy).

32-33. "Ine, şu (nygmatlar) size - her bir (Allaga) gaýdyjy, (öz ähdini) saklaýjy, gaýypdaky Rahmandan gorkan we toba-tagsyr kylyjy kalp bilen gelen kişilere wada edilen närselerdir.

34. Oňa (jennete) dynç-aman giriň! Bu (gün) ebedi (galjak) Gündür".

35. Olar üçin ol taýda halan zatlary bardyr. We ýene Biziň dergahymyzdaky goşmaça (yzzat-ykram)lar hem bardyr.

36. Biz olardan (Kureýş kapyrlaryndaň) öň, olardan güýç-kuwwatlyrak bolan ençe asyrlaryň nesillerini heläk etdik. bes, şolar (Biziň başlaryna düşüren belamyzdan gaçyp) bir najat barmykan diýip, şäherlerde ygyp ýördüler (emma heläketden gaçyp gutulyp bilmediler).

37. Elbetde, munda (habardar) kalp eýesi bolan ýa-da özi häzir bolup (ýagny, çyn ýürekden) gulak tutan kişi üçin ýatlatma-ybratlar bardyr.

38. Anyk ki, Biz asmanlary we Ýeri, olaryň arasyndaky bar närseleri alty günde ýaratdyk we Bizi hiç haçan ýadawlyk tutan däldir.

39. Bes, (eý, Muhammet), olaryň (kapyrlaryň) aýdan sözlerine sabyr-takat kylyň we Gün dogandan öň we batmazdan ozal Perwerdigäriňize hamdy-sena aýtmak bilen (Ony) päkläň - namaz okaň!

40. Ýene gijäniň (bir wagtynda) we sejdäniň (ýagny, namazyň) yzyndan Ony päkläň!

41. We jarçy (Ysrapyl perişde) ýakyn bir mekanda durup, jar çekýän Günde (Onuň nydasyna) gulak salyň!

42. Ol Günde olar (barça halaýyk) ol apatly gykylygy aç-açan eşiderler. Bu (gabyr- lardan dirilip) çykylýan Gündür!

43. Elbetde, Biziň Özümiz (bütin janzada) ýaşaýyş hem ölüm bereris. Ýalňyz Bize gaýdyş bardyr!

44. Ol Günde olaryň üstündäki ýer ýarylyp, (olar) derrew (gabyrlaryndan çykyp gelerler). Bu (ýagny, Kyýamat gününde barça halaýygy hasap-kitap üçin toplamak) Bize aňsat bolan toplaýyşdyr.

45. Biz olaryň (kapyrlaryň) diýýän sözlerini örän oňat bilýändiris. (Eý, Muhammet), siz olaryň üstünde (din-imana) zorlaýjy dälsiňiz. Bes, işbu Gurhandan we Meniň (kapyrlary azaba giriftar etmek hakyndaky) wadamdan gorkýan adamlara pent-nesihat ediň!

51. WA-Z-ZARIÝOT SÜRESI

Bu süre hem Mekgede inderilen bolup, altmyş aýatdan jemlenendir.

Süräniň başynda Alla tagala Öz ýaradan dört närsesiniň ady bilen kasam edip, ahyret diýary we ondaky jezanyň, sylagyň hakdygyny tassyklaýar we ynsana nätanyş bolan ol syrly älemiň syr-synatyny -kapyrlary ýuwutmaga taýýar bolup duran jähennemi we möminlere intizarlyk bilen göz dikip duran jenneti ylahyý galam bilen taryplap, Öz bendelerini habardar edýär.

Bu sürede hem Öz kowumynyň iman getirmezliginden gamgyn bolan pygamber alaýhy-s-salama teskin-teselli we barça ynsanlara ýatlatma-ybrat bolmagy üçin onuň salaflary - öňki egindeşleri bolan geçen pygamberler we olary ýalançy hasap edenleri sebäpli, dürli azap-ukybatlara duçar bolan kowum-tireler hakyndaky ybratly kyssalar zikr edilendir.

Süre ynsu-jynyň ýaradylmagyndan göz öňünde tutulan maksat - olaryň Ýaradanyny tanap, ýalňyz Oňa sygynyp, ybadat edip geçmekleriniň gerekdigini takyklamak bilen soňlanýar.

Bu süre özüniň ilkinji aýaty "Wa - z - zariýet" ady bilen atlandyrylyp, bu keleme "Sürüp gidýän şemallara kasam" diýen manyny aňladýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2-3-4-5. (Bulutlary) sürüp gidýän (şemal)lara, ýük (ýagyş) daşaýan (bulut)lara, (suw ýüzünde) ýeňil ýüzüp barýan (gämi)lere we (Allanyň emri bilen barça) işi düzgünleşdirýän (perişde)lere kasam ki, size wada edilen (gaýtadan dirilmek) hakdyr!

6. We, elbetde, (kyýamat gününde hasap-kitap edilenden soň) jeza-sylag wakyýa bolýandyr.

7-8. (Älemdäki ýyldyzlaryň hereket) edýän ýollaryň eýesi bolan asmana kasam ki, elbetde, siz (işbu pygamber barasynda) hilme-hil

söz üstündesiňiz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, edil älemdäki saýýaralaryň hereket edýän ýollarynyň dürli-dürli bolşy ýaly, siz hem, eý, müşrikler, pygamber aleýhy-s-salam hakynda dürli-dümen sözler aýdýarsyňyz, käbirleriňiz "şahyr" diýýärsiňiz.

9. Ondan (ýagny, Gurhandan, pygamberden, Allanyň ezeli ylmyndaky hidaýat ýolundan) sowlan (we bagtdan mahrum edilen) kimse sowlup (ýüz öwrüp) gider.

10-11. (Hak pygamberini "ýalançy", "sährgär", "şahyr" diýýän) şol ýalançylara, (jahalat) girdabynda azaşyp ýören kimselere ölüm - lagnat bolgaý!

12. Olar jeza (Kyýamat) Gününiň haçan boljagyny sorarlar.

13.(Ol Gün) olaryň dowzahda degşirilýän - ýandyrylýan Gününde bolar.

14.(Şonda olara aýdylar): "Azabyňyzy dadyň! Siziň (haýýaty dünýäde wagtyňyzda) tizleşdirjek bolan närsäňiz, ine, şudur!

15-16. Elbetde, takwalar (ol Günde) Perwerdigäriňiziň özlerine eda eden närselerini (sylag-sogaplaryny) kabul edip, jennetler we bulaklar üstünde bolarlar. Çünki, olar mundan owal (ýagny, durmuşy dünýäde çaglarynda) gözel amal edýärdiler.

17. Olar gijeler az (pursatlyk) göz ýumardylar.

18. We säherler öz (kylan hatalary üçin Perwerdigärden) geçirim sorardylar.

19. Olaryň mal-mülklerinde dilegçi we (mal-döwletden) mahrum, mätäç kişiler üçin (aýratyn) hak-ülüş bolardy.

20-21. (Eý, ynsanlar), Ýerde (ondaky dag-daşlar we çöl-düzlerde, deňizler we derýalarda, haýwanat we ösümlik dünýäsinde) hem-de

özüňizde (işbu ýaşaýyşa gelip-gidişiňizden başlap, wujud-bedenleriňizdäki her bir agzalaryňyzda, belki, her bir öýjükleriňiziň şeýle derejede näzik tertip-intizam bilen ýaradylyp, öz ornunda ýerleşdirilişinde we öz boýnundaky Ýaradanyň buýran wezipesini ýalňyşman eda edip baryşynda) ynanýanlar üçin (Allanyň gudratyna delalat edýän) aýat-alamatlar bardyr. Eýsem, görmeýärsiňizmi?!

22. Asmanda bolsa, siziň rysky-ruzlaryňyz (ýagny, Ýerde bol hasyl bolmagyna sebäp bolýan ýagmyr) we size wada edilen närse (jennet) bardyr.

23. Bes, asman we Ýeriň Perwerdigärine kasam ki, elbetde, ol (ýagny, size wada edilen barça närse) edil siziň sözleýişiňiz kibi (ýagny, sözlän sözleriňiz özüňiz üçin nähili hak bolsa, ana, şeýle) hak rastdyr!

24.*(Eý, Muhammet), size Ybraýymyň yzzat-ykramly myhmanlary hakyndaky habar geldimi?*

25. Şonda olar (Ybraýymyň) huzuryna girip: "Salam" diýdiler, ol hem: "Salam. (Bular) nätanyş kowum-la" diýdi.

26-27. Soň ol ýuwaşlyk bilen öz öýünden çykyp, (gowurlan) bir semiz göläni getirdi-de, ony olara ýakyn goýup, "(Tagamdan) iýmeýäňizmi?" diýdi.

28. (Emma myhmanlar nahara gol uzatmansoň) olardan howpurgap başlady. (Şonda) olar: "Gorkmagyn". (Biz perişdelerdiris, şonuň üçinem tagam iýmeýäris)" diýdiler we (Ybraýyma) bir ogul hoşhabaryny berdiler.

29. Şonda (olaryň sözüni eşdip duran Ybraýymyň) aýaly gygyryp geldi-de, (bu hoş- habara geň galyp) öz ýüzüne urup: "(Men) dogmaz kempir ahyry!" diýdi.

30. Olar aýtdylar: "Perwerdigärimiz, ine, şeýle diýdi. Elbetde, Onuň Özi bilim we hikmet sahybydyr".

31.(Ybraýym) aýtdy: "Eý, ilçiler, nä ýumuş bilen geldiňiz?"

32-33-34. Olar aýtdylar: "Biz bir jenaýatçy kowuma (ýagny, Lut kowumyna) olaryň üstünden Perwerdigäriň huzurynda hetden aşýan kimseler üçin belgiläp goýlan, laýdan-sypaldan bolan (ýagny, her bir heläk ediljek kapyryň ady ýazylan) daşy ýagdyrmak üçin iberildik".

35. Bes, Biz ol ýerdäki mömin kişileri çykaryp goýberdik.

36.(Emma) o taýda bir öýden (ýagny, Lut pygamberiň öýünden) özge musulmanlary tapmadyk.

37. Biz (ol obadaky barça kapyrlary heläk edenimizden soň), ýowuz azapdan gorkanlaryň (ybrat almaklary) üçin ol ýerde aýat-alamat galdyrdyk.

DÜŞÜIDIRIŞ. Işbu aýaty Kerimde Allanyň gudratyna delalat edýän aýat-alamatlardan diňe ahyretdäki sutemli azapdan gorkýan kşiileriň pent-nesihat almaklary takyklanyp geçilýär. Indi Ybraýym alaýhy-s-salama iberilen perişdeler we olaryň Lut kowumyndan kapyr bolan kimseleriň heläk edilendigi hakyndaky ybratly kyssa hekaýat edilenden soň, nobatdaky aýatlarda kapyr bolandyklary sebäpli, bagt-syzlyga duçar edilen başga-da birnäçe kowumlar hakynda gysgaça habar berilýär.

38. Musa (kyssasyn)da hem (ybrat bardyr). Ýatlaň, Biz ony açyk hüjjet bilen Firawunyň alnyna iberipdik.

39. Ol öz arkanyna (döwletine) daýanyp, (Musaga iman getirmekden) ýüz dönderdi we "(Musa ýa) sährgär, ýa-da mejnun" diýdi.

40. Bes, Biz ony hem, goşunlaryny hem tutup, olary deňze okladyk - gark etdik. Ol (Firawun özüniň kibru-howasy - men-menligi we küfri gapma-garşylygy sebäpli islendik) melamata laýykdyr.

41. Aat (tiresiniň kyssasyn)da hem (ybrat bardyr). Ýatlaň, Biz olaryň üstüne dogmaz (ýagny, hiç hili peýda getirmeýän, ýagmaz) boran iberipdik.

42. Ol (boran nämäniň üstünden geçse) elbetde, ony (heläk edip) edil çüýräp giden süňk ýaly edýärdi.

43. Samud (tiresiniň kyssasyn)da hem (ybrat bardyr). Ýatlaň, olara (Alla tarapyn mugjyza - gudrat, täsinlik edip iberilen düýäni soýup goýberen wagtlarynda) "bir wagta çenli (ýagny, üç güne çenli dirilik nygmatyndan) hezil ediň" diýilipdi.

44. Bes, olar Perwerdigäriň emrine boýun synmakdan (etagat etmek)den kibri-howa (men-menlik) edenlerinden soň, seredip durkalar, olary ýyldyrym urdy.

45. Bes, olar (ol çakmakdan gaçyp gutulmak üçin oturan orunlaryndan) turmaga hem ýetişmediler we (hiç kim olara) ýardam hem edip bilmedi.

46.*(Bu kowumlardan öň) Nuh kowumyny hem (heläk edendiris). Çünki, olar pasyk - etagatsyz kowumdylar.*

47. Asmany Biz gudrat bilen ýaratdyk. Hakykatdan hem, Biz gudratly- dyrys.

48. Ýeri bolsa, ýaýbaň, giň edip goýduk. Bes, (Biz) örän ýagşy ýaýyjydyrys.

49. Siziň ýatlatma - ybrat almagyňyz üçin Biz her bir närsäni jübüt-jübüt edip ýaratdyk.

50.(Eý, Muhammet, olara aýdyň): "Bes, Allaga (iman getirmek üçin) howlugyň! Elbetde, men Onuň (azabyny size) açyk habardar edijidirin.

51. We siz Alla bilen bile ýene bir ylah bar diýmäň! Elbetde, men Onuň (azabyny size) açyk habardar edijidirin".

52. Edil şunuň dek (ýagny, sizi sährgär, mejnun, şahyr diýişleri ýaly) olardan (ýagny, Mekge müşriklerinden) owalky (kapyr bolan) kimselere bir pygamber gelende, olar hem, elbetde, (şol pygamberi ýa) sährgär ýa-da mejnun diýýärdiler.

53. Olar şony (şol sözi) bir-birlerine weset edip galdyrdymykalar? Ýok, (asla olar bir-birlerinden uzak döwürlerde we mekanlarda ýaşap geçenleri sebäpli, özara weset etmek mümkinçiligine eýe däldiler, ýöne diňe bir närse olaryň hemmesini ýokardaky ýaly sözleri aýtmaga mejbur eder) olar hetden aşan kowumlardyr!

54. Bes, (eý, Muhammet), siz olardan ýüz dönderiň! Indi (boýnuňyzdaky pygamberligi doly ýerine ýetireniňizden soň, kapyrlardan ýüz dönderseňiz) size melamat ýetmez.

55. We (Gurhan bilen) pent-nesihat ediň! Diňe ol pent-nesihatlaryň möminlere nepi deger.

56. Men jyn we ynsy diňe Özüme ybadat etmek üçin ýaratdym.

57. Men olardan birem rysk islemeýärin we olaryň Meni naharlamagyny (hem) islemeýärin.

58. Çünki, Allanyň Özi (barça halaýyga) rysky-ruz berýän, güýç-kuwwat sahybydyr we gudratlydyr.

59. Bes, zalym-kapyr bolan kimseler üçin, şek-şübhesiz, edil (öň geçen kapyr) dostlarynyň nesibeleri kibi (azapdan ybarat) nesibe bardyr. Bes, olar Meni(ň azabymy) tizleşdirjek bolmasynlar!

60. Bes, kapyr bolan kimseler üçin – olara wada edilen (azaba gariftar edilýän) Günlerinde – bagtsyzlyk bolgaý!

52. TUR DAGYNA KASAM SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl bolan. Ol kyrk dokuz aýatdyr. Süräniň başynda Alla tagala bäş närsä kasamýat edip, kyýamat gününde kapyrlaryň üstüne düşýän azabyň hakdygyny bildirýär. Soňra Alla tagaladan gorkýan takwalar üçin taýýarlanyp goýlan jennet we onda geçjek ebedi sagadatly durmuş hakynda söz barýar. Şunuň dek, bu sürede Gurhany Kerime iman getirmedik we Muhammet alaýhy-s-salamy ýalançy hasap eden kimseleriň ähli dawalarynyň puç we esassyzdygy ret edip bolmaýan delil-subutlar bilen açyp berilýär. Süräniň soňunda pygamber alaýhy-s-salam Alla tagalanyň ylahyý hökümine sabyr etmäge buýrulyp, gije-gündiz Allany päkläp tesbyh aýtmaga çagyrylýar.

Süre özüniň ilkinji aýatynyň ady bilen "Wa-t-Tur" "Tur dagyna kasam" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Tur(dagyn)a;

2-3. Açyk sahypa ýazylan Kitaba (Gurhana);

4. Beýtul - Mamura (Abat Öýe),

5. Belent göterilen tama (asmana),

6. We dolup-daşan deňze kasam ki,

7. Perwerdigäriňiziň azaby, şek-şübhesiz, waka boljakdyr!

8. Onuň üçin birem dep ediji - böwet ýokdur.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokarda zikr edilen "Beýtul-Mamur - Abat Öý" Alla tagalanyň emri bilen Adam alaýhy-s-salamyň bina edeni Beýtullah bolup, Nuh pygamber zamanlarynda ýüze çykan tupan belasynda Alla tagalanyň emri bilen perişdeler ol öýi ýedinji asmana alyp çykyp giden ekenler. Onuň "Abat Öý" diýip atlanmagyna sebäp, ol öýi her gün ýetmiş müň perişdäniň

togap edip, goraýandygydyr.

9. Ol günde asman titräp-çaýkanar;

10. We daglar hem (ornaşan ýerlerinden gozganyp), ýola düşer!

11-12. Ana şol Günde (pygamberleri) ýalançy edýän, özleri gark bolan nädogry ýollarynda azaşyp ýörýän kimselere bagtsyzlyk bolar!

13. Ol Günde olar jähennem oduna kowularlar!

14.(We olara diýiler), "Siziň ýalan diýip ýören dowzahyňyz şudur!

15. Hany, bu (azap) hem sährmi, ýa-da siz (durmuşy dünýäde Haky görüp bilmeýşiňiz kibi bu azaby hem) görmeýärsiňizmi?

16.(Dowzaha) giriň! Indi (onuň azabyna) ha sabyr ediň, ha sabyr etmäň, size barabardyr! (Ýagny, ol azap size ýeňledilmez). Siz diňe öz edip öten kylmyşlaryňyzyň jezasyny dadarsyňyz!"

17-18. Takwalar bolsa, olara Perwerdigäriniň bagyş eden närseleri bilen şat-horram ýagdaýda şek-şübhesiz, jennetler we nygmatlar içinde baky bagtyýardyrlar. Perwerdigäri olary dowzah azabyndan saklandyr.

19-20. (Olara): "Siz edip öten (ýagşy) amallaryňyz sebäpli, hatar düzlen sekiler üstünde ýassanyp, göwün islegiňizçe iýip-içiň" (diýildi) we Biz olara şahla (owadan) gözleri jübti halal edip berdik.

21. Özleri iman getirip, zürýatlary hem olara iman bilen tirkeşenlere (şol) zürýatlaryny goşduk we olara eden amallaryndan bir närsäni hem kemeltmedik. Her bir kişi özi kesp eden işi bilen gurşap alynýandyr - tutulýandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Şu aýata şeýle düşünmek gerek: eger ejdatlar durmuşy dünýäden iman we ýagşylyk amallar bilen ötüp, Alla tagala nazarynda uly derejelere ýetseler we olaryň perzentleri olara iman bilen tirkeşseler-de,

ýöne ata-babalaryna miýesser bolan belent de-rejelere göterilip bilmeseler-de, Alla tagala olary hem ata-babala-ryna goşup, hemmesine Öz wada beren jennetinden jaý bagyş edýär, emma perzentleri sebäpli, ejdadlaryň sogap-sylaglaryny çybyn ganatyça kemeltmeýär. Çünki, her bir jan öz eden işine jogapkärdir.

Indi aşakdaky aýatlarda ýene şol jennet iline bagyş edilýän bagt-sagadat we naz-nygmatlar zikr edilýär.

22. Ýene Biz olary göwünleri isleýän miweler we et bilen kuwwatlan-dyrdyk.

23. Olar ol jaýda (şeýle şerap) käselerini paýlaşyp, elden-ele geçirip içerler ki, onda (şerapda, ýagny, ony içenlikleri sebäpli) bady-howa gep-de, günä-de bolmaz.

24. Olaryň alnynda göýä (sadap içinde) ýaşyrylan göwher dek (päkize we hoşsurat) gulamlar aýlanyp-gezip (hyzmata häzir bolup) durar.

25-26. Olar bir-birlerine bakyp, bäs-jogap edip, diýdiler: "Hakykat-dan, biz öňler (durmuşy dünýäde) maşgalamyzyň arasynda (bolan çagymyzda, ahyretde Allanyň azabyna duçar bolmakdan) gorkýardyk.

27. Ine, Alla bize merhemet görkezdi we bizi samumdan (ýagny, bedenleri eleme-deşik edip goýberýän dowzahy şemaldan) saklady.

28. Hakykatdan, biz öňler (durmuşy dünýäde) Oňa doga-dileg edýärdik. Elbetde, (diňe) Onuň Özi merhemetli, mähribandyr".

29. Bes, (eý, Muhammet), siz (ynsanlara Gurhan aýatlary bilen) pent-nesihat ediberiň. Çünki, siz Perwerdigäriňiziň nygmat-merhemeti bilen jady-palman hem, mejnun hem dälsiňiz.

30. Belki, olar (müşrikler: "Muhammet) bir şahyrdyr. Biz oňa döwrüň hadysat-belalaryny (ýetirmegine) garaşýandyrys" diýerler?!

31. Aýdyň: "Garaşyberiň! Men hem siz bilen bile garaşýandyryn. (Hany, bela kim ýolugarka?!)

32. Belki, olaryň "akyldarlary" ine, şeýle ("dana" sözleri aýtmaga) buýrar?! Ýa-da olar gümana düşen kowummykalar (beýle sözleri aýtmaklaryna sebäp şol gümanlarymyka)?!

33. Belki, olar: (Muhammet Gurhany) öz içinden toslapdyr" diýerler?! - Ýok, olar iman getirmezler!

34. Onda, eger rastgöý bolsalar, özleri hem şoňa (Gurhana) meňzeş bir söz - kitap getirsinler-dä?!

35. Belki, olar hiç närseden (ýagny, Ýaradyjysyz) ýaradylandyrlar?! Ýa-da olaryň özleri ýaradyjymykalar?!

36. Belki, asmanlar we Ýeri hem olar ýaradandyrlar?! Ýok, olar ynanmazlar!

37. Belki, olaryň huzurynda Perwerdigäriňiziň hazynalary bardyr? Ýa-da olar (bütin barlygy) hereketlendirip durujylarmyka?!

38. Belki, olaryň (asmana göterilip, perişdeleriň sözlerini) eşidýän merdiwanlary bardyr?! Onda hany olaryň eşidýänleri (özleriniň hakykatdan Allanyň emrinden habardar bolanyna) bir açyk hüjjet getirsin-dä?!

39.*(Eý, müşrikler), belki, gyzlar Onuňkydyr, ogullar (bolsa) siziňkidir?!*

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, siz "Perişdeler Allanyň gyzlary" diýip dawa edýärsiňiz. Haýsy bir hüjjet bilen beýle diýýärsiňiz?! Siz "dana"ly-gyňyzdan öz ýaman görýän we ar edýän gyzlary(ňyzy) Allanyňky diýip, ogullary özüňiziňki etjek bolýarsyňyzmy?! Eger şu "dana"lygyňyz bolsa, siziň Gurhany hem, pygamberi hem, ölenden soň gaýta dirilişi hem inkär etjegiňiz asla geň-taň däldir!

40.(Eý, Muhammet), belki, siz olaryň (öz başlan ýoluňyz üçin) sylag-hak soraýansyňyz ki, olar (şol) töleg(i tölänlerine) gynanyp galandyrlar (we şu sebäpli, iman getirýän däldiler?!)

41. Belki, olaryň huzurynda gaýyp (ylmy Alla tagalanyň öz bendelerinden ýaşyran syrlary) bolup, olar (şol syrlary) ýazyp alandyrlar (we şu sebäpli, siziň getiren habarlaryňyza ynanýan däldiler?! Asla beýle . däldir! Onda näme üçin olar size iman getirmeýärler?!)

42. Belki, olar (sizi heläk etmek üçin) bir hile etmekçidirler?! Ol halda şol kapyr kimseleriň özleri hile-usula giriftar bolarlar.

43. Belki, olar üçin Alladan özge bir "ylah" bardyr?! Alla olaryň şeklerinden päkdir!

44. Eger olar (üstlerine olary heläk etmek üçin) asmanyň bir parçasynyň düşýänligini görseler, (şonda hem iman getirmezler, belki) "Bu toplanan bulutdyr" diýerler.

45. Bes, (eý, Muhammet), siz olary täki özleri heläk edilýän günlerine ýüzbe-ýüz bolýançalar, terk ediň!

46. Ol Günde olaryň hileleri birem peýda bermez we olara ýardam hem berilmez!

47. Elbetde, zalym-kapyr bolan kimseler üçin mundan (Kyýamat gününden) öň (ine, şu dünýäde) hem azap-ukubat bardyr, ýöne olaryň köpüsi (muny) bilmezler!

48.(Eý, Muhammet), siz Perwerdigäriňiziň hökümine (ýagny, müşrikleri derhal azaba duçar etmänligine we sizi dürli muşakgatly synaglar bilen synamagyna) sabyr ediň. Aslynda siz, şek-şübhesiz, Biziň göz öňümizde (ýagny, hemaýatymyzda)syňyz. We (daňdan ukudan) turan wagtyňyzda Perwerdigäriňize hamdy-sena aýtmak bilen (Ony ähli aýby-nogsandan) päkläň!

49. Şunuň dek gijeler we ýyldyzlar ýüz dönderip gidenden soň, (ýagny, säher wagtlarynda) hem Oňa tesbyh aýdyň!

53. ÝYLDYZA KASAM SÜRESI

Altmyş iki aýatdan jemlenen bu süre Mekgede hasyl edilendir. Ol bütin pygamberler taryhynda ýeke-täk bolan misilsiz mugjyza – Muhammet alaýhy-s-salamyň magraja çykmagyny we ol dergahdaky akylu bilimi haýran ediji menzili teswirlemek bilen başlanýar. Soňra müşrikleriň öz elleri bilen ýasap, soň özleriçe dürli atlar bilen atlandyryp, sygynýan butlarynyň we senemleriniň hiç kime hiç hili peýda hem, zyýan hem ýetirip bilmeýän jansyz mahluklardygy aýdylýar. Bu sürede ýene her bir ynsanyň ahyretde diňe öz edip öten amallary bilen jezalandyrylyşy, özgeleriň onuň günälerini öz eginlerine alyp bilmeýändikleri kibi, oňa özleriniň sogaplaryndan hem berip bil- meýändikleri ýörite takyklanýar. Süräniň soňunda bolsa, geçmişde küfru-garşylyk görkezip ýeten kowumlaryň nähili bagtsyzlyklara duçar bolanlyklary ýatladylyp, ähli ynsanlar ýalňyz Allaga ybadat etmäge çagyrylýar. Süre özüniň ilki aýatynyň ady bilen "Wa-n-najm" "Ýyldyza kasam" diýip atlanandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Batyp barýan ýyldyza kasam ki, siziň sahybyňyz (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salam) zelalata hem giden däldir, ýoldan hem azan däldir!

3. We ol (size getirýän Gurhanyny) öz howaýy-islegi bilen sözleýän däldir.

4. Ol (Gurhan) diňe (Alla tarapyn pygambere) inderilýän bir wahyýdyr.

5-6-7. Oňa (bu wahyýny) bir güýje dolan, sahyby gudrat (ýagny, Jebraýyl alaýhy-s-salam) tälim bermişdir. Bes, ol (owal) uly gözetimde (görnüp), dik durdy.

8. Soňra ýakynlaşyp, pesledi.

9. Bes, (Muhammet alaýhy-s-salama) iki ýaý aralygynda ýa (ondan-da) ýakynrak bolup;

10. (Allanyň) Öz bendesine (Muhammet alaýhy-s-salama) inderen wahyýny getirdi.

11.(Pygamberiň) gözni gören närsesini inkär etmedi (ýagny, Jebraýyl perişdäniň suratyny görüp, pygamberiň gözni hem kanagatlandy we onuň Alla tagala tarapyndan iberilen perişdedigine iman getirdi.

12. Indi siz (eý, müşrikler, pygamberiň) görüp duran närsesiniň üstünde onuň bilen jedelleşýärsiňizmi?!

13-14. Kasam ki, (Muhammet alaýhy-s-salam Jebraýyl perişdäni özüniň asly suratynda) ikinji bir (jennet) çetindäki Nilufar alnynda gördi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu görüşmek pygamber alaýhy-s-salam Jebraýyl perişde bilen bile magraja göterilende ýüz beripdi. Indi aşakdaky aýatlarda resulyllahyň şol magrajda gören, güwä bolan menzilleri teswirlenýär.

15. Mawy jennet (jenneti-mawa) hem şonuň (Nilufaryň) öňündedir.

16. Şonda Nilufary gurşan närse (ýagny, Alla tagalanyň faýzy-ylahyýasy) gurşap alypdy.

17-18. (Pygamberiň) gözi (sagu-çepe) garamady hem, öz hetdinden aşmady hem. Hakykatdan, ol (şol sagatda) Perwerdigäriniň beýik aýatlaryny (ýagny, Onuň gudraty-ylahyýasyna delalat edýän örän köp alamatlary) gördi.

19-20. (Eý, müşrikler, öz ýanyňyzdan sygynýan senemleriňiz) - "Lat", "Uzza" we üçünjileri bolmuş täsirsiz "Manat" hakynda heý oýlap gördüňizmi?!

21.(Siz şol but-senemleri we perişdeleri "Allanyň gyzlary", diýýärsiňiz, diýmek) erkek (jynsy) siziňki-de, aýal (jynsy) Onuňkymy

(Alla tagalanyňkymy)?!

22. Onda bu adalatsyz taksym-a?!

23. Ol (at)lar diňe siziň özüňiziň we ata-babalaryňyzyň goýan atlarydyr. Alla olar(a ybadat etmek) hakynda birem hüjjet inderen däl(dir). Olara (müşriklere pygamber alaýhy-s-salam dogrusynda) Perwerdigär tarapyndan hidaýat (Gurhan) gelip duran ýagdaýda, olar diňe gümana we howaýy-nebislerine tirkeşýärler!

24. Ýa-da ynsanyň öz arzuw eden zady boluberýärmi?! (Hergiz bolmaz!)

DÜŞÜNDIRIŞ. Muşrikler özleri ýasap, soňra: "Lat", "Uzza" we "Manat" diýip at goýan butlary hakynda "Bular Allanyň gyzlarydyr. Ine, şular Kyýamat gününde bize şepagat ederler" diýip, ham-hyýal edip ýörýärdiler. Ýokardaky aýat olaryň bu ham-hyýallarynyň hiç haçan amala aşmajakdygyny takyklady.

25. Elbetde, ahyret hem, dünýä hem ýalňyz Allanyňkydyr.

26. Asmanlarda ençe-ençe perişdeler bolup, şolaryň şepagatlary-da asla peýda bermez, meger, Alla Öz islän we razy bolan kişileri üçin (şepagata) idin berenden soňra, diňe (ol şepagatyň peýdasy deger).

27. Derwaka, ahyrete iman getirmeýän kimseler perişdeleri aýal ady bilen atlandyrýarlar.

28. Megerem, olarda bu hakda (ýagny, perişdeleriň haýsy jynsdandygy hakynda) birem bilim-hüjjet ýokdur. Olar diňe gümana eýerýärler, bolany. Anyk ki, güman, hakykatdan hem, hiç närsäniň ornuna ötmez!

29. Bes, (eý, Muhammet), siz Biziň ýatlatmamyza arka öwrüp giden we diňe durmuşy dünýäni islän kimselerden ýüz dönderiň!

30. Olaryň "ylym"dan ýeten ýerleri ine, şu (durmuşy dünýä matalaryny islemek)dir. Elbetde, Perwerdigäriňiz Öz ýolundan azan kimseleri örän ýagşy bilýändir we Ol hidaýat tapanlary hem örän ýagşy bilýändir.

31. Asmanlardaky we Ýerdäki bar närseler ýalňyz Allanyňkydyr. Onuň Özi ýamanlyk-günä edip öten kimseleri eden amallary bilen jezalagaý we gözel amal edenleri gözel (sogap-jennet) bilen sylaglagaý!

32. Olar (ýagny, jennete dahyl bolanlar) kiçijik hatalardan başga uly günälerden we bozuklykdan yrak bolýanlardyr. Elbetde, Perwerdigäriňiziň magrypaty giňdir. Ol sizi (ýagny, ataňyz Adamy) Özi ýerden-toprakdan peýda eden wagtyndan başlap we sizi eneleriňiz hamyla bolan wagtynda tanaýandyr. Bes, siz özleriňizi aklamaň, (aklajak bolup azara galmaň)! Ol takwa kişileri hem örän ýagşy bilýändir.

33-34. (Eý, Muhammet, imandan), ýüz dönderip giden we azajyk (mal) berip, (soňra şert edilen maly bermegi) saklan kimsäni gördüňizmi?

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlaryň hasyl bolmagyna bir waka sebäpdir. Walid ibn Mugiýra diýen bir kişi pygamber alaýhy-s-salamyň huzurynda oturyp, onuň pent-nesihatlaryny eşidenden soň, täsirlenip, Yslam dinine girmekçi bolýar. Şonda müşriklerden biri oňa: "Sen ata-babala-ryňy ýoldan azan kimseler diýip hasaplap, şolaryň dinini terk edip, Muhammediň dinine girmekçimi" diýip gulgula salýar. Ikirjiňlän Walid: "Men Yslama girmesem, Allanyň azabyna giriftar bolaryn-a?!" diýeninde, ýaňky müşrik oňa: "Eger sen maňa palança mukdarda mal-pul berseň, seniň bütin günäleriňi ahyretde öz boýnuma alaryn" diýýär. Onuň was-wasasyna uçran Walyd dinden ýüz dönderýär we özara şertleşen mallaryndan bir bölegini ýaňky müşrige berýär, emma galanyny bahyllyk edip bermän goýýar. Şonda ýokardaky aýaty kerimler hasyl bolýar, we şu many aşakdaky aýatlarda hem dowam edýär.

35. Onuň huzurynda gaýyp ylmy barmydy ki, ol (gelejekde başga birewiň günäsini boýnuna aljagyny) biler ýaly?!

36-37. Ýa-da oňa Musanyň we (ähdine) wepadar bolan Ybraýymyň sahypalaryndaky sözleriň habary berilmänmidi?!

38. Hiç bir göteriji (ýagny, günäkär jan) özge janyň ýüküni (ýagny, günäsini) götermez!

39. Ynsan üçin diňe öz eden hereketi bolar (ýagny, özgeleriň eden ýagşy amallaryndan oňa birem peýda ýetmez)!

40. Onuň eden amal-hereketi bolsa ýakynda (Kyýamat gününde) görner.

41. Soňra ol (şol amal-hereketi üçin) kemsiz jeza-sylag alar.

42. Elbetde, ahyrky çäre ýalňyz Perwerdigäriňiz(iň) öňüne (barmak)dyr.

43. Elbetde, güldüren hem, agladan hem Onuň Özüdir.

44. Elbetde, öldüren hem, dirilden hem Onuň Özüdir.

45-46. We, elbetde, Ol atylyp çykýan nuftadan (dölden) erkek-aýal jübütleri ýarandandyr.

47. Elbetde, (barça halaýygy ölenden soň) ikinji bir (gezek) peýda etmek hem ýalňyz Onuň borjundadyr.

48. Elbetde, baý eden hem, döwletli eden hem Onuň Özüdir.

49. Elbetde, Şir (ýyldyz)yň Perwerdigäri hem Onuň Özüdir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Müşrikleriň bir taýpasy ýazyň yssy gijelerinde görünýän Şir (Sirius) atly ýyldyza sygynýardylar. Bu aýaty-kerim Alla tagalanyň olaryň ýyldyzlaryna-da, butlaryna-da Perwerdigärdigini aýdýar.

50-51. Elbetde, Ol owalky Aat we Samud (tirelerini) hem heläk etdi, bes, (olardan bir kişinem diri) galdyrmady.

52. Ýene Ol owal Nuh kowumyny hem (heläk edendir).

53-54. Ýene Ol zeru-zynat bolan obany (ýagny, Lut pygamber kowumyny) hem ýykyp, ony uran närse (ýagny, asmandan ýagylan daşlar) bilen urup, gömüp taşlady.

55. Bes, (eý, ynsan), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlary hakynda şek-şübhe edersiň?!

56. Bu (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salam hem) owalky habardar ediji (pygamberler hataryn)dan bir habardar edijidir.

57-58. Ýakyn bolmaly (Kyýamat) ýakyn geldi. Ony Alladan özge birem açyjy (haçan boljagyny bildirjek) ýokdur.

59. (Eý, müşrikler), häli siz ine, şu Söze (Gurhana) geňirgenýäňizmi?

60-61. (Ondaky aýatlaryň öwüt-nesihatlaryn-dan täsirlenip) aglamaga derek, gapyl bolup, gülýärsiňizmi?!

62. Bes, siz ýalňyz Allaga sejde we ybadat ediň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty-kerim nobatdaky sejde aýaty bolup, ony okan we diňlän her bir kişi üçin bir gezek sejde etmek lazym bolýar.

54. KAMAR SÜRESI

Bu süre hem Mekge sürelerinden bolup, elli bäş aýatdyr. Ol pygamber alaýhy-s-salama bagyş edilen mugjyzalardan biri - Aýyň bölünişi hakyndaky aýaty-kerim bilen başlanýar. Süräniň "Kamar" - "Aý" diýip atlandyrylmagynyň sebäbi hem şudur. Soňra ähli adamlaryň "Göýä ýaýran çekirtgeler kibi gabyrlaryndan çykyp gelýän" Kyýamat güni we ol Günde ýüz berýän apatly hadysalar teswirlenýär. Bu sürede hem geçmişdäki özlerine iberilen pygamberleri ýalançy eden kowumlaryň, ine, şu dünýäň özünde bagtsyzlyga duçar edilenlikleri aýdylyp, olaryň ahyretde görjek azap-ukybatlarynyň has hem elhenç boljakdygy dogrusynda habar berilýär.

Süre takwalar üçin Alla tagala huzurynda taýýarlanyp goýlan gözel akybet - jennetiň beýany bilen netijelenýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. (Kyýamat) sagady ýakynlaşyp geldi we Aý hem bölündi.

2. Eger olar (Kureýş kapyrlary Muhammet alaýhy-s-salamyň hak pygam-berdigine delalat edýän) bir aýat-mugjyza görseler, (hem pygambere iman getirmäge derek) ýüz döndererler we "(Bu) hemişeki sähr-le!" diýerler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Örän köp sahabalar tarapyndan rowaýat edilişiçe, Mekge kapyrlary pygamber alaýhy-s-salama: "Eger sen çyn pygamber bolsaň bize hol Aýy ikä bölüp ber hany" diýdiler we eger ol şu işi edip bilse, iman getirjekdiklerini aýtdylar. Şonda Aý dolan gijedi. Şundan soň resulyllah Perwerdigäre dileg edip, fazlu-merhemetini daş tutmazlygyny ýalbaryp sorapdy, öz-özünden dolan Aý edil ortasyndan bölünip, ýarysy Safa dagyň üstünde, ýarysy bolsa, onuň garşysyndaky Kaýkaan dagynyň üstünde peýda boldy. Bu mugjyzany görüp duran muşrikler: "Muhammet bizi sährläp goýdy. Bolýar, ol hemme adamlary jadylap bilmez, indi bu ýerde bolmadyk kişilerden sorarys" diýdiler. Ine, şu wagtda Mekgä girip gelen kerwendäki adamlaryndan sorapdyrlar, olar hem ýolda gelýän

wagtlarynda Aýyň ikä bölüneni görenliklerini aýtdylar. Emma Abu Jahl (Jahyl — nadanlaryň atasy) lakamly bir müşrigiň başlyklygynda kapyrlar "Bu hemişeki sährlerden- biri" diýen gepden aňry geçmediler. Şonda ýokardaky aýatlar hasyl boldy.

3. Olar (pygamberi) ýalançy hasap etdiler we howaýy nebislerine tirkeşdiler - Her bir iş (öz) ýerini tapyjydyr (ýagny, eger kapyrlar ýüz dönderseler-de, bu hak din ýer ýüzünde karar tapar).

4-5. Elbetde, olara (öň geçen kapyrlaryň) habarlaryndan ybarat bir närse - ýeterlik hikmet geldi ki, onda (küfru-zelalatdan) gaýtmagyň (lazymlygyny bildirýän ybratlar) bardy. (Emma olar özleriniň küfrlerinden gaýtmadylar) Bes, olara hiç-hili duýduryş peýda bermez!

6-7. (Eý, Muhammet), indi siz olardan ýüz dönderiň! Çagyryjy Ysrafyl perişde) nätanyş bolan bir närsä (ýagny, Kyýamatdaky kapyrlar üçin elhençli hasap-kitapa) çagyran Gününde olar (kapyrlar) gözleri (gorkudan) aşak seredip, göýä ýaýran çekirtgeler kibi, gabyrlaryndan çykyp gelerler!

8. Çagyrylýan tarapa howlugyp gidip barýarkalar, ol kapyrlar "Bu agyr gündür" diýerler.

9. Olardan (Mekge kapyrlaryndan) öň Nuhuň kowumy hem (ony) ýalançy hasap edipdi. - Olar Biziň bendämizi (Nuhy) ýalançy edip: "(Ol) bir mejnun" diýdiler we ol (öz pygamberlik wezipesini eda etmekden) saklandy.

10. Şonda ol Perwerdigärine: "Men (bu kapyr kowumymdan) ýeňildim. Özüň kömek etgin" diýip, doga-dileg edipdi.

11. Biz asman derwezelerini (dynuwsyz) guýýan suw-sil bilen açyp goýberdik.

12. We hemme ýerden çeşmeler çogdurdyk. Bes, (asmanyň we Ýeriň) suwy takdyr edip goýlan bir iş (ýagny, kapyrlary gark etmek) üstünde duşuşdylar!

13. Ony (Nuhy) bolsa, tagtadyr çüýler eýesinde (ýagny, tagtadan çüý bilen ýasalan bir gämide) göterdik.

14. Ol (gämi) Biziň göz öňümizde (gurşaw-u hemaýatymyzda) ýüzer. (Bu öz kowumy tarapyndan pygamberligi) inkär edilen kişi (ýagny, Nuh pygamber) üçin sylagdyr.

15. Hakykatdan, Biz ony (tupan belasyny) bir aýat-ybrat edip galdyrdyk. Bes, heý bir ýatlatma-ybrat alyjy barmy?

16. Bes, Meniň (pygamberlerimi ýalançy eden kimselere görkezen) azabym we duýdyryşym nähili boldy?!

17. Kasam ki, Biz Gurhany zikr-ýatlatma almak üçin aňsat edip goýduk. Bes, heý bir ýatlatma -ybrat alyjy barmy?

18. Aat (tiresi hem özlerine iberilen Hud pygamberi) ýalançy hasap etdi. Bes, Meniň azabym we duýduryşym nähili boldy?!

19-20. Derwaka, Biz olaryň üstünde bir dowamly nahs gününde (ýagny, nahs-şumlugy hiç gitmeýän günde) bir apatly borany iberdik ki, ol adamlary göýä ki sogrulyp alnan hurma (daragty)nyň töňňesi dek, ýolup-uçurup gider.

21. Bes, meniň azabym we duýduryşym nähili boldy?!

22. Kasam ki, Biz Gurhany zikr-ýatlatma üçin aňsat edip goýduk. Bes, heý bir ýatlatma-ybrat alyjy barmy?!

23. Samud (tiresi hem Salyh pygamberiň getiren) duýduryşlaryny ýalan diýýär.

24. Bes, olar aýtdylar: "Biz özümiziň aramyzdaky bir adama (pygamber diýip) tirkeşerismi? Onda biz hakykatdan hem, gümralyk we akmaklykda - nadanlykda bolarys-a!

25. Biziň aramyzdan ana şoňa ýatlatma - wahyý oklanypmydy?! Ýok, ol hetden aşan, ýalançydyr".

26. Olar ertir (ahyretde) kimiň hetden aşan ýalançydygyny bilerler.

27. Elbetde, Biz olary synag etmek üçin bir düýe ibereris. Bes, (eý, Salyh), sen (olaryň kylmyşlaryny) synlap we (azar-ezetlerine) sabyr edip duruberiň!

28. We suwuň olar (bilen düýäniň arasynda bölünip goýlanyny ýagny, suwdan bir gün olar içseler, bir gün düýäniň içmelidigini) we her gezek içmäge (nobat gelende) taýyn bolunýandygy hakynda olara habar ber!

29. Soň olar- (Samud tiresi) özleriniň bir şäriklerini (düýäni öldürmek üçin) ýol başladylar, ol (gelip gylyjyny) aldy-da, (düýäni) soýup goýberdi.

30. Bes, Meniň azabym we duýduryşym nähili boldy?!

31. Derwaka, Biz olaryň üstüne bir apatly gykylyk iberipdik, olar edil (goýunlary üçin) ahyr ýasaýjynyň (ahyryndan dökülen) ot-çöp ýaly bolup galdylar.

32. Kasam ki, Biz Gurhany zikr-ýatlatma almak üçin aňsat edip goýduk. Bes, heý bir ýatlatma-ybrat alyjy barmy?!

33. Lut kowumy (onuň getiren) duýduryşlaryna ýalan diýdi.

34. Derwaka, Biz olaryň üstüne daş ýagdyrdyk. Diňe Lutuň öýüne daň-säherde najat berdik.

35.(Bu najat) Biziň huzurymyzdan bolan bir nygmatdyr. Şükür eden kişileri Biz, ine, şeýle sylaglarys.

36. Anyk ki, (Lut) Biziň (azap bilen) tutjagymyzy olara (ýagny, öz kowumyna) duýdurypdy, (emma) olar duýduryşa şübhelenip, ýalan diýdiler.

37. Anyk ki, olar (Lutuň) myhman(lar)yny ýoldan azdyrmakçy boldular. Bes, Biz olaryň gözlerini kör edip goýduk: "Indi Meniň azabymy we duýduryşymy dadyp görüň!"

38. Hakykatdan, ir säherde olara ebedi azap geldi.

39. Indi Meniň azabymy we duýduryşymy dadyp görüň!

40. Kasam ki, Biz Gurhany zikr-ýatlatma almak üçin aňsat edip goýduk. Bes, heý bir ýatlatma-ybrat alyjy barmy?

41. Olar Biziň bütin aýat-mugjyzalarymyzy ýalan diýenlerinden soň, Biz olary güýçli-gudratly zadyň tutuşy bilen tutduk (ýagny, hemmesini deňze gark edip goýberdik).

42. Anyk ki, Firawunyň öýüne hem duýduryşlar geldi.

43.(Eý, Mekge ili), siziň kapyrlaryňyz, ana, şolardan ýagşyrakmy-artygyrakmy, ýa-da siz üçin (asman) kitaplarynda ara açyklyk (habary) barmy (ýagny, siz kapyr bolup, öz pygamber- leriňizi ýalançy etseňizem, hiç hili azap-ukubata ýolukmajak-dygyňyz dogrusynda habaryňyz barmy)?!

44. Belki olar: "Biz ýeňiji jemagatdyrys" diýerler?

45. Ýakynda şol jemagat ýeňlip, yzlaryna garap gaçarlar!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat pygamber alaýhy-s-salamyň çyn pygamberdigine delalat edýän, gelejekde ýüz berjek hadysalar hakyndaky habarlardan biridir; Derwaka, ine, şu aýat hasyl bolanyndan soň, köp wagt geçmän "Bedr söweşinde" şol men-men müşrikler ýeňlip, yzlaryna garap gaçdylar.

46. (Bujagaz däl), belki, olara (baky azap üçin) wada edilen wagt (Kyýamat) sagadydyr. Ol sagat ýene-de belalyk, ýene-de ajydyr!

47. Elbetde, jenaýatçy - asy kimseler gümralyk we akmaklykdadyr.

48. Olar ýüzügara bolup dowzaha süýrelýän Günde (olara); "Dowzah azabyny dadyp görüň!" (diýiler).

49. Elbetde, Biz her bir närsäni (anyk) ölçeg bilen ýaratdyk.

50.*(Ýaratjak bolan her bir närsämiz üçin) Biziň permanymyz diňe bir (ýagny, "Bol" diýen söz)dür. (Bes, şol närse) göz ýumup-açynça (ýokdan bar bolar).*

51. Kasam ki, Biz size meňzeşleri heläk etdik. Bes, heý bir ýatlatma-ybrat alyjy barmy?

52. Olaryň eden her bir närsesi kitaplarynda (namaýy amallarynda) bardyr.

53. Her bir kiçijik we uly (amal, Lawhul-Mahfuzda) jemlenendir.

54-55. Elbetde, takwalar jennetlerde we derýalar (üstün)de Kadyr Patyşa huzuryndaky razy bolunýan orunda bolarlar.

55. RAHMAN SÜRESI

Bu süre Medinede nazyl edilen bolup, ýetmiş sekiz aýatdan ybaratdyr.

Ol özüniň ilkinji aýatynda Alla tagalanyň Rahman - Mähribanlygyny aýdyp, Onuň öz bendelerine görkezen iň uly merhemeti olara bütin durmuşlary üçin düzgünnama - dessuryl-amal bolan Gurhany kerimi inderendigini takyklaýar. Soňra gökdäki iň uly saýýarlardan başlap, iň ownuk zatlara çenli bolan bütin möwjudat-barlygyň Alla tagala tarapyndan juda näzik hasap-kitap bilen ýaradylandygy we olardan her biriniň öz boýnuna goýlan wezipäni ýerine ýetirmekde Ýaradana sözsüz etagat edýändigi - boýun synyşy beýan edilip, ynsan hem özara alyş-beriş mylakatlarynda adyl-u ynsap bilen iş görsünler diýip, mizan-tereziniň döredilendigi aýdylýar. Bu sürede möminlere bagyş edilýän jennet nygmatlary we kapyrlara göz dikip duran dowzah azaby doly beýan edilýär we özge sürelerde güwä bolunmadyk bir usul ulanylyp, Alla tagalanyň gudraty ylahyýasyna delalat edýän her bir jümleden soň, yns-jynsa garap: "Bes, Perwerdigäriňiziň, haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!" diýip ýüzlenilýär. Süre Alla tagalanyň beýik we bereketli-digini ýene bir gezek takyklamak bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Rahman (Alla, Muhammet pygambere we onuň ymmatlaryna) Gurhany tälim berdi.

3-4. Ol ynsany ýaradyp, oňa (kalbyndaky maksadyny aýan edip bilmegi üçin) beýany (sözlemegi) tälim berdi.

5. Güneş hem, Aý hem (anyk) hasap-ölçeg bilen (hereketde bolar).

6. Ot-çöp hem, dag-daragt hem (ýalňyz Allaga) sejde eder - boýun synar.

7-8. Ol asmany belent edip goýdy we siziň daşda, terezide gapma-garşylyga düşmezligiňiz (ýagny, özgelere zulum etmezligiňiz) üçin mizan - terezini ornaşdyrdy.

9. (Eý, ynsanlar, özara alyş-beriş meseleleriňizde) dogry, adalat bilen çekiň we tereziden urup galmaň!

10. Ol Ýeri (jemi ki) janzatlar üçin (ýagny, olar ornaşyp peýdalanmaklary üçin) pes-tekiz edip goýdy.

11. Onda (dürli-dümen) miwe-çiwe we gül käseli hurma daragtlary bardyr.

12. Ýene samanly däne-düýne we hoşboý (güller) bar.

13. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip (ýagny, inkär edip) bilersiňiz?!

14. Ol ynsany (ýagny, Adam alaýhy-s-salamy) sypal kibi guran gara palçykdan ýaratdy.

15. Jyny - Iblisi bolsa, ot-ýalyndan ýaratdy.

16. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

17.(Alla) iki Gündogaryň (ýagny, Gün we Aý dogýan ýerleriň) hem, iki Günbataryň (Gün we Aý batýan ýerleriň) hem Perwerdigäridir.

18. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

19. Ol iki deňiz-derýany bir-birleri bilen duşuşýan ýagdaýda (ýanma-ýan) akdyryp goýdy.

20.(Emma) ol ikisiniň ortasynda bir böwet bolup, olar (şol böwetden) aşmazlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Mälim ki, deňiz bagry hem, derýa düýbi hem suwy bimelal süzüp ötýän çägelik ýa-da toprakdyr. Köp ýagdaýda şor suwly deňiz bilen ajy suwly derýa ýa-da köl şeýle ýanma-ýan hem durýar. Emma Alla tagalanyň gudraty bilen olardan biriniň şory ikinjisine geçip gitmeýär!

21. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

22. Ol ikisinden (biri bolan deňizden) merwerid we merjenler çykar.

23. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

24. Deňizdäki daglar kibi belent göterilen gatnaýjylar (ýagny, ýelkenli gämiler) hem ýalňyz Onuňkydyr.

25. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

26.(Ýer) ýüzündäki bütin janzat panydyr.

27. Beýiklik we kerem sahyby bolan Perwerdigäriňiziň ýüzi - Özi (diňe) baky - ebedi galar.

28. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

29. Asmanlar we Ýerdäki (bütin) janzat (Oňa mätäçdir we bar dileg maksatlaryny ýalňyz) Ondan sorar. Ol her gün iş üstündedir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty Kerim öz gysga bolmagyna seretmezden, Yslamy kadalaryň esasy düzgünlerinden birini doly beýan edendir. Ýagny, Ýer-u asmanda Alla tagala mätäç bolan we Ondan medet-ýardam dilemedik birem janzat ýokdur. Ol her gün, her sagat, her demde Öz ýaradan arşyndaky bütin janzady ugrukdyryp perweriş eden Perwerdigärdir. Bu aýat, "Alla tagala barlyk we ondaky närseleri ýaradansoň, olary öz halyna taşlandyr" diýýän käbir alymlara açyk ret jogabydyr.

30. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

31. Ýakynda (kyýamat kaýym bolan günde) sizi (hasap-kitap etmek) üçin häzir boljakdyrys, eý, ynsu-jynlar!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, azajyk pursat öten soň, durmuşy dünýä gutaryp, ondaky iş amal biter we Alla tagala ähli ynsanlar we. jynlaryň durmuşlarynda edip öten amallaryny hasap-kitap etmek we mynasyp sylag-jeza bermek üçin häzir bolar. Ol Günde Alla tagalanyň adyl-hak jezasyndan hiç kim gaçyp gutulyp bilmez. Aşakdaky aýatlarda söz şu hakda barýar.

32. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

33. Eý, jyn we yns jemagaty! Eger siz (Allanyň jezasyndan gaçyp) asmanlar we Ýer araçäklerinden geçip gitmäge kadyr bolsaňyz, onda geçip gidiberiň! Siz diňe güýç-gudrat bilen geçip bilersiňiz (emma ol Günde sizde hiç-hili güýç-gudrat bolmaz)!

34. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

35.(Ol Günde) siziň üstüňize ot-ýalyn we tüsse iberiler ki, siz (ondan hergiz) gutulyp bilmersiňiz!

36. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

37. Indi haçan (kyýamat kaýym bolan soň) asman ýarylyp (jähennem yssysyndan gyzyp giden) deri kibi gyzaryp galanyňyzda,

38. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

39. Ana, şol Günde ne bir ynsyň we ne bir jynyň (edip öten) günäsi soralar!

40. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

41.(Çünki, ol Günde) jenaýatçy-asy kimseler görnüş – alamatlaryndan tanalyp, maňlaý we aýaklaryndan alynarlar (we jähenneme oklanarlar)!

42. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

43. Jenaýatçy-asy kimseleriň ýalan diýýän jähennemi şudur!

44. Olar şol (jähennem) bilen öte gaýnag suw ortasynda öwrülip-aýlanybererler!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, durmuşy dünýäden küfru-garşylyk bilen öten kimseler ahyretde dowzah odunda köýenlerinde, dowzah hyzmatkärleri bolan perişdelerden bir owurt suw bermegini sorarlar. Şonda olara gaýnag suw berlip, ýene dowzaha oklanarlar we bu hal ebedil-ebet (baky) dowam eder. Bu aýatlarda kapyrlaryň duçar boljak azap ukubatlary beýan edilýär. Indi aşakda gelýän aýatlarda iman eýelerine göz dikip duran gözel akybet - jennetdäki baky sagadatly durmuş zikr edilýär.

45. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

46. Perwerdigäriniň (huzurynda) durmagyndan (ýagny, özüniň Perwerdigäriň öňünde durup, durmuşy dünýäde edip öten ähli amallaryna jogap bermeginden) gorkan kişi üçin iki jennet bardyr.

47. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

48.(Ol iki jennet san-sajaksyz), ir-iýmiş eýesidir (ýagny, miweli we saýaly - salkyndyrlar).

49. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

50. Ol ikisinde iki akar çeşme bardyr.

51. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

52. Ol ikisinde barlyk miwesinden iki tohum bardyr.

53. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

54.*(Jennet ili) aşagyna ýüpek körpeçeler düşenip (oturarlar). Ol jennetleriň miwesi ýakyndyr. (Ýagny, jennet ili haýsy bir miwäni iýmegi islese, şol miwäniň özi olara eglip, ýakyn geler).*

55. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

56. Olarda (jennetlerde) gözlerini (bigäne-nätanyş, özge erkeklere seretmekden) saklaýjy (gyz)lar bar ki, olara (jennet ilinden) öň ne bir yns we ne bir jyn ýanaşandyr.

57. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

58. Olar (saplyk we aklykda) göýä ki ýakut we merjenlerdir.

59. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar) Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

60. Yhsanyň - ýagşylygyň jezasy-sylagy diňe ýagşylykdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, durmuşy dünýäden iman we ýagşy amallar bilen öten kişiniň ahyretdäki sylagy jennetdir. Yhsan kelemesiniň esasy manysy gözel amal etmeklikdir. Pygamber alaýhy-s-salamdan "Yhsan nämedir?" diýip soralanda, ol şeýle jogap beripdir: "Yhsan - Alla tagalaga göýä Ony

görüp duran ýaly ybadat etmegiňdir. Anyk ki, sen Ony görmeseň-de, Ol şek-şübhesiz, seni görüp durujydyr".

61. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

62. Ol iki (jennet)den aşagrakda iki jennet bardyr.

63. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

64.(Ol iki jennet bol suw we bol ýapraklykdan) garamtyldyrlar.

65. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

66. Ol ikisinde dynman atylyp duran iki çeşme bardyr.

67. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

68. Ol ikisinde miwe, hurma we enarlar bardyr.

69. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

70. Olarda (jennetlerde) hoşhulk (mylaýym) we gözel jemal (aýal)lar bardyr.

71. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

72.(Olar) çadyrlarda gorap saklanylan hüýrlerdir.

73. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

74. Olara (jennet ilinden) öň ne bir yns we ne bir jyn ýanaşandyr.

75. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

76.*(Jennet ili ol jennetlerde) ýaşyl ýassyklar we gözel halylar üstünde ýassanyp (oturarlar).*

77. Bes, (eý, ynsanlar we jynlar), Perwerdigäriňiziň haýsy nygmatlaryny ýalan diýip bilersiňiz?!

78. Beýiklik we kerem sahyby bolan Perwerdigäriňiziň ady bereketli - mübärekdir.

56. WAKYÝA SÜRESI

Togsan alty aýatdan jemlenen bu süre Mekgede hasyl bolan. Bu sürede Kyýamat kaýym bolýanlygy we şol wagtda ýüz berýän elhenç waka-hadysalar hem-de ol Günde adamlaryň üç taýpa bölünip galýanlyklary hakynda habar berilýär we süre dowamynda her bir taýpanyň tapjak akybetleri beýan edilýär. Şunuň üçin hem ol "Wakyýa" - "Waka bolujy (kyýamat)" diýip atlandyrylandyr.

Şonuň ýaly bu sürede dowzah azaplary we jennet menzilleri doly teswirlenýär hem-de ahyret durmuşyny inkär ediji kimselere asla ret edip bolmaýan hüjjetler bilen jogap berilýär. Süre beýanynda ýokarda zikr edilen her bir habaryň anyk hakykat ekenligi ýene bir gezek takyklanyp, barça mömin-musulmanlar Beýik Perwerdigäriň adyny päkläp, tesbyh aýtmaga emr edilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Haçan Wakyýa - kyýamat waka bolsa, ol waka bolan çagda birem ýalan sözleýji bolmaz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, gopjagy anyk bolan kyýamat sagady gelende, durmuşy-dünýäde Alla tagala şanyna ýalan ýöňkäp ýören kimselerden biri hem ýalan sözläp bilmän galýar.

3-4-5-6-7. Ýer gaty lerzana gelen, daglar tüýdülip, çaň-tozana öwrülen we siz üç bölek — taýpa bolup galan çagyňyzda (kyýamat kapyrlary dowzaha duçar etmek bilen) pes eder, (möminleri bolsa jennete girizmek bilen) belent eder.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, bu dünýäde nebisleriniň islän hyrs-u höweslere berlip, mal-döwlet we soltanatlary bilen howalanyp ýören dinsiz-iman-syz kimseleri Kyýamat iň erbet dowzaha taşlamak bilen pes edip goýar, emma bu durmuşy dünýäde mydam ýüz berip durýan zulum-u sütem we haksyzlyk azabyndan ezlip ýörseler-de, öz iman-ygtykatlarynda berk bolan mömin-musulmanlary bolsa, jennetlerdäki uly derejelere göterer.

Indi ýokarda zikr edilen üç taýpanyň kimlerdigi beýan edilýär.

8. Bes, (ol üç taýpadan birinjisi) sag tarap eýeleridir. Sag tarap eýeleri (bolmak) nähili bagtdyr!

9.(Ikinji taýpa) Şum - çep tarap eýeleridir. Şum - çep tarap eýeleri (bolmak) ne (bagtsyzlyk)dyr!

DÜŞÜNDIRIŞ. Sag tarap eýeleri durmuşy dünýäden iman-ygtykat bilen geçenleri sebäpli, Kyýamat gününde amalnamalary sag taraplaryn-dan berlip, jennet nygmatlaryna dahyl bolan bagtly kişidir. Çep tarap eýeleri bolsa, durmuşy dünýäden küfr-u isýan-garşylyk bilen geçenlikleri sebäpli, Kyýamat gününde amalnamalary çep taraplaryndan berlip, dowzaha girftar bolan betbagt kimselerdir.

10.(Üçünji taýpa bolsa bütin ýagşy" amallara) ymam bolanlar (jennet nygmatlaryna ýetenlerinde hem) ymam-peşgadam boljaklardyr.

11-12. Ana şolar naz-nygmat baglarynda (Alla tagalaga) ýakyn bolarlar.

13-14. Ol öňbaşçylar (owalky) ymmat(lardan köp, soňkulardan ýagny, Muhammet alaýhy-s-salam ymmatlaryndan) bolsa azdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, Adam alaýhy-s-salamdan başlap, tä Muhammet alaýhy-s-salama çenli öten barça pygamberlere iman getiren we olaryň ýanlarynda bolup, Alla tagalanyň buýran dinine çagyrmakda ýardamçy bolan owalky ymmatlar arasyndaky öňbaşçylaryň sanlaryna görä, Muhammet alaýhy-s-salam ymmatlary arasyndaky öňbaşçylaryň sany azdyr.

15-16. (Olar altyndan) ýasalan sekilerde ýassanyp, bir-birlerine ýüzbe-ýüz bolup (oturarlar).

17-18. Üstlerinde bolsa, baky ýaş (ýagny, hiç garramaýan) oglanlar akar çeşmeden (şeraply) bulgurlary, küýzeleri we käseleri aýlandyryp durarlar.

19. 0 (şerap)dan olaryň başlary hem agyrmaz, serhoş hem bolmazlar.

20-21. Ýene özleri saýlap alan miweler hem-de işdäleri alan guş etleri hem (aýlandyryp durlar).

22-23. Ýene (olar üçin) edil gizlenip goýlan merwerid mysally maral göz hüýrler bardyr.

24. (Bu) olaryň (durmuşy dünýäde) edip öten amallarynyň sylagydyr.

25-26. Olar onda birem bihuda we günä-ýalan (sözleri) eşitmezler, diňe "Salam-salam" diýlenini (eşiderler).

27. Sag tarap eýeleri... sag tarap eýeleri (bolmak) ne (sagadat)dyr!

28.(Olar) tikensiz maýsalarda;

29. Düzülen bananlyklarda;

30. Ýaýylan saýa (astyn)da;

31. Akdyrylyp goýlan suw (üstün)de,

32-33. Gutarmaýan we gadagan edilmeýän köpden-köp (dürli-dümen) miweler (astyn)da;

34. Belent göterilen körpeçeler (üstun)dedirler.

35. Derwaka, Biz olary (maral göz hüýrleri) öz-özünden peýda etdik. (ýagny, olar eneden dogulmadylar, belki, Allanyň gudraty bilen öz-özünden peýda boldular).

36-37-38. Soň olary sag tarapdakylar üçin (ýaşda hem, husnu-jemal we kaddy-kamatda hem) biri birine deň, mylakatly gözel gyzlar edip goýduk.

39-40. (Sag tarap eýeleri bolan sagadatly kişiler) owalky (ymmat)lardan hem köp, soňkulardan (ýagny, Muhammet

alaýhy-s-salam ymmatlaryndan) hem köpdürler.

41. Çep tarap eýeleri... çep tarap eýeleri (bolmak) ne (bagtsyzlyk)dyr!

42.(Olar dowzahdan dynuwsyz öwsüp durýan, bedenleri eleme-deşik edýän) Samum (şemaly) we gaýnag suw içinde;

43-44. We ne salkyn, ne peýdaly gara tüsseden ybarat "saýa" (astyn)dadyrlar.

45. Derwaka, olar mundan öň (ýagny, durmuşy dünýäde hyrsu-höwese berlip giden) baý bolan(lardy).

46. Olar uly günä (ýagny, şek) üstünde aýak diräp duryardylar.

47-48. We: "Biz ölüp, topraga we süňke öwrülenimizden soň, çyndan hem gaýtadan diri -lerismi, owalky ata-babalarymyz hemmi?!" diýip (ýaňsylaýardylar).

49-50. (Eý, Muhammet, siz olara) aýdyň: "Elbetde, owalkylar hem, soňkular hem mälim Gündäki bellenen wagta, şek-şübhesiz, top-lanjakdyr.

51. Soňra, elbetde, siz, eý (gaýta dirilmegi) ýalan diýýän gümralar;

52. Şek-şübhesiz, (jähennemiň ortasynda ösýän) Zakkum daragtyndan iýip;

53. Ondan garnyňyzy doldurarsyňyz.

54. Soň onuň üstüne gaýnag suwdan içip, (içeňde hem)

55. Teşne düýeler kibi içersiňiz!

56. Ine, şu olaryň jeza (kyýamat) günündäki "zyýapat"larydyr!

57.(Eý, ynsanlar), sizi Biz Özümiz ýaratdyg-a! Indi siz (ahyretde ýene gaýtadan ýaratmaga kadyrdygymyzy) tassyk etmeýärsiňizmi?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, ýokdan bar etmäge kadyr bolan gaýtadan ýaratmaga hem, şek-şübhesiz, kadyrdyr. Indi aşakdaky aýatlarda Alla tagala Özüniň gaýtadan ýaratmaga kadyrdygyna dört närsäni, ýagny, ynsany ýaradanyny, nebadaty (ösümlikleri) ýaradanyny, suwy ýaradanyny we ot-ýalny ýaradanyny delil edip getirýär.

58. Siz (aýalyňyzyň ýagtysyna) dökýän jynsy tohum(yňyz) hakynda oýlap gördüňizmi?

59. Ony siz (kemally ynsan edip) ýaradýarsyňyzmy, ýa-da Biz ýara-dyjymy?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, bu ynsanyň göz öňünde hemişe gaýtalanyp duranlygy sebäpli, üns berilmeýän uly bir mugjyzadyr. Dogrudan-da, ynsan bedeninden bölünip çykyp durýan der, gözýaş kibi bolan bir damja suwdan-jynsy suwuklykdan azajyk wagt geçenden soň, öz-özünden erkek ýa aýal jynsyna degişli, eşidýän, görýän bir ynsan peýda bolup galsa, gudrat dälmi? Eýsem, bu ynsan özüniň süňkleri, eti we derisi-hamy bilen, damarlary we dyrnaklary bilen hem-de diňe özüne has bolan hulky-tebigaty bilen nirede gizlenipdi?! Haýsy bir dana adam bir damja suw öz-özünden, ine, şeýle ynsana öwrüler diýip bilýär?! Hiç kim! Çünki, jynsy suwukluk ene ýatgysyna düşeninden, är-hatynyň iş-amaly biter, ýöne olar şol bir damja suwdan hamyla-göwre peýda boljakmy-ýokmy bilmäge kadyr däldirler, indi galan zat ýalňyz Ýaradanyň islegine bagly. Eger Ol islese, Öz gudratly eli bilen bir öýjükden ybarat bolan şol suwuklukdan ynsanyň jemi ki - ähli agzalarynyň her biri özüne has bolan müň-müňläp dokumalary peýda edýär we her bir agzanyň dokumasyna öz wezipesini belgiläp berýär. Şol bir damja suwdan ýuwaş-ýuwaş ynsan jesedini peýda edýär we oňa jan girizýär... Hakykatdan, bu ylahyý mugjyzada akyl ýöredýän kişiler üçin ýeterlik ybrat bardyr.

60-61. Sizdäki ölümi hem Biz belgiläp goýandyrys (ýagny, size durmuşy-ýaşaýyşy hem, ölümi hem Biz berýäris). We Biz (sizi wepat tapdyryp, ornuňyza) size meňzeşleri çalşyp goýmaga hem-de sizi özleriňiz bilmeýän suratda gaýtadan peýda etmäge hem ejiz däldiris.

62. Derwaka, siz deslapky peýda bolşuňyzyň (nähili bolanyn)y bilýärsiňiz-ä! Bes, ýatlatma-ybrat almaýarsyňyzmy?! (Oýlanyp görüň-ä!)

63. Siz ekýän ekinleriňiz hakynda heý oýlap gördüňizmi?

64. Ony siz öndürip-ösdürýärsiňizmi ýa-da Biz ösdürýärismi?!

65. Eger Biz islesek, elbetde, ony gury çöp edip goýardyk. Bes, siz geň galyp:

66."*Şek-şübhesiz, biz zyýan görüjiler*;

67. Ýok, biz (ähli rysk-u ruzdan) mahrum bolýarys" (diýip, nedamat-ah çekip galardyňyz).

68. Siz öz içýän suwuňyz hakynda heý oýlap gördüňizmi?!

69. Ony bulutlardan siz ýagdyrdyňyzmy, ýa-da Biz ýagdyryjymy?!

70. Eger Biz islesek, ony şor edip bilerdik. Bes, şükür et-meýärsiňizmi?!

71. Siz ýakýan ot-ýalnyňyz hakynda heý oýlap gördüňizmi?

72. Onuň daragtyny siz peýda etdiňizmi, ýa-da Biz peýda edijimi?!

73. Biz ony (jähennem odundan) bir ýatlatma we (sähralarda, ýolda ýören) mysapyr-ýolagçylar üçin peýdalanylýan närse edip goýduk.

74. Bes, (eý, Muhammet), beýik Perwerdigäriňiziň adyny (her nähili aýyp-nogsandan) päkläp, tesbyh aýdyň!

75-76-77-78. Men ýyldyzlaryň batar jaýlaryna kasam içermen ki, indi, bu (kasam), eger bilseňiz, şek-şübhesiz, beýik-uly kasamdyr, elbetde, ol (Gurhan sähr ýa-da toslama däl, belki, goraglanýan Kitapdaky - Lawhul-Mahfuzdaky) Beýik Gurhandyr!

79. Ony diňe täretli - päk kişiler tutarlar.

80.(Ol) ähli adamlaryň Perwerdigäri tarapyndan inderilendir.

81. Bes, (eý, kapyrlar), siz, ine, şu söze - Gurhana biperwaýlyk edermisiňiz (ýagny, siz şeýle mukatdes Kitaby pisint etmän, inkär edýärsiňizmi)?!

82. We siz (Gurhany) ýalan diýmegi (betbagtlygy) özleriňize ryzky-nesibe edersiňizmi?!

83-84-85-86-87. Bes, haçan (wepat edýän kişiniň jany) bogazyna ýeteninde - indi, şol wagtda siz garap durarsyňyz we Biz oňa size görä ýakynrak bolarys, ýöne siz (muny) görmeýärsiňiz (bilmeýärsiňiz - bes, eger siz eýesiz bolsaňyz,) we özleriňiziň: "Hiç-hili eýe - Perwerdigär hem, gaýtadan diriliş hem ýok" diýen sözleriňizde (rastgöý bolsaňyz, şol) jany ýene jesede (gaýtaryp bilsediňiz! Ýok, hiç haçan gaýtaryp bilmersiňiz!)

88-89. Eger şol (wepat eden kişi Allaga) ýakyn bolan (ýolbaşlaýjy)lar-dan bolsa, onda (onuň, üçin) rahat-parahat gözel rysk we naz-nygmatly jennet bardyr!

90-91. Eger ol sag tarapdan bolsa, onda (eý, bagtly bendäm), saňa sag tarap eýelerinden salam bolgaý!

92-93-94. Eger ol (gaýtadan dirilişi) ýalan diýen gümralardan (ýagny, çep tarap eýelerinden) bolsa, onda gaýnag suwdan ybarat "zyýapat" we dowzaha girizmek bardyr!

95. Şek-şübhesiz, işbu (sürede zikr edilen närseler) aýny hakykatyň özüdir!

96. Bes, beýik Perwerdigäriňiziň adyny (her hili) aýby-nogsandan päkläp, tesbyh aýdyň!

57. DEMIR SÜRESI

Ýigrimi dokuz aýatdan ybarat bu süre Medinede hasyl bolandyr. Ol barlykdaky bar närsäniň mydam Ýaradana tesbyh aýdyp, beýikläp durýanlygy hakynda habar bermek bilen başlanýar. Şondan soň, Alla tagalanyň ylahyý sypatlary beýan edilýär.

Bu sürede möminleri olara bagyş edilen närselerden Allaga haýyr-sa-hawat etmäge çagyran aýatlar hem orun alandyr. Süre möminler bilen mynapyklaryň ahyretdäki ahwaly dogrusynda habar berip, ol jaýda mynapyklaryň dünýädäki ýaly möminleriň arasyna goşulyp gidip bilmän, aýrylyp galýandyklaryny aýdýar we bu durmuşy dünýäniň tiz ötüşi wagtlaýynça, bahar ýagşynyň, astynda dört gün ýapraklap, soň ýaz yssysyna çydam etmän, gurap-solup galýan peçege meňzedilýär.

Süre Isa pygamberiň ýoluna eýeren kitap eýelerini Alladan gorkmaga we Onuň soňky pygamberi Muhammet alaýhy-s-salama iman getirmäge çagyrmak bilen netijelenýär.

Bu sürede adamlara dynçlyk-amanlyk günlerinde hem, harby hüjümlerde hem zerur we peýdaly bolan demir maddasy hakynda zikr edilenligi üçin ol "Hadid" - "Demir" süresi diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Asmanlar we Ýerdäki bar närseler Alla tesbyh aýtdy. Ol gudrat we hikmet sahybydyr.

2. Asmanlar we Ýer Onuň mülküdir. Ol ýaşaýyş we ölüm berer. Ol hemme närsä kadyrdyr.

3. Owal hem, ahyr hem, açyk hem, gizlin hem Onuň Özüdir. Ol ähli närsäni bilijidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty kerimde her bir möminiň Alla tagalanyň barlygyna we birligine iman getirmek bilen bile ygtykat etmegi zerur bolan

dört ylahyý sypaty beýan edilýär: Alla owaldyr, ýagny, Ol ezeli zat bolup, Ondan owal birem zaman geçen däldir, Alla ahyrdyr, ýagny, Ol ebedi - baky bolup, ähli närse ýok bolar, emma Onuň Özi bar bolup, soňy ýokdur: Alla açykdyr, ýagny, arşdaky her bir närse Onuň barlygyna açyk delalat edip durýar, Alla gizlindir, ýagny, Onuň asly-zatyny göz bilen görüp bolmaz we Onuň syry-hakykatyna akyl bilen ýetip bolmaz.

4. Ol asmanlar we Ýeri alty günde ýaradyp, soňra Öz arşyna ornaşandyr. Ol ýere girýän (ýagyş-gar suwy, hazynadyr depin we jesetler kibi) närseleri hem, ondan çykýan (ot-çöp, miweli ösümlik we çeşme suwy kibi) närseleri hem, gökden düşýän (rysku-nesibe, haýru-bereket kibi) närseleri hem, oňa (göge) göterilýän (ýagşy amal we doga-dileg kibi) närseleri hem biler. Siz nirede bolsaňyz, Ol siziň bilen biledir. Alla edýän amallaryňyzy görüp durandyr.

5. Asmanlar we Ýer onuň mülküdir. Hemme işler ýalňyz Allaga gaýtarylar.

6. Ol gijäni gündize girizer we gündizi gijä girizer. Ol kalblardaky syrlary bilijidir.

7.(Eý, ynsanlar), Allaga we onuň pygamberine (Muhammet alaýhy-s-salama) iman getiriň hem-de Onuň sizi halypa (eýe) edip goýan närselerinden (ýagny, wagtlaýynça elleriňizde duran, ertir bir gün siz isleseňizem-islemeseňizem, özgeleriň ellerine geçip gidýän Alla beren mal-döwletden) haýyr-yhsan ediň! Bes, iman getiren we yhsan edenleriňize uly sogap-sylag bardyr.

8. Eger siz iman getiriji bolsaňyz, pygamber (araňyzda) sizi Perwerdigäriňize iman getirmäge çagyryp duran ýagdaýda, (Alla bolsa, siziň ruhuňyzy ýaradan wagtynyň) özünde iman getirmek hakyndaky ähd-u peýmanyňyzy alan ýagdaýynda näme üçin siz Allaga iman getirmeýärsiňiz?

9. Ol Öz bendesine (Muhammet alaýhy-s-salama) täki ol sizi (küfr) zulmatlaryndan (iman) nuruna alyp çykmak üçin anyk-rewşen

aýatlary (ýagny, Gurhany kerimi) hasyl edýändir. Elbetde, Alla size mähriban we rehimlidir.

10. Näme üçin siz Alla ýolunda haýyr-yhsan etmeýärsiňiz?! Elbetde, asmanlar we Ýeriň waryslygy ýalňyz Allanyňk-a (ýagny, az wagtda siz bu älemden geçip gidip, elleri- ňizdäki ähli mal-dünýäňiz Allaga miras bolup galýar-a)! Sizden (Mekge) ele alynmazdan öň, haýyr-yhsan eden we (resulyllah bilen bile kapyrlara garşy) urşan kişiler (Mekge ele alynandan soň, haýyr-yhsan eden we urşan kişiler bilen) barabar (deň) bolmaz. Olar soň (giç) haýyr-yhsan eden we urşan kişilerden ulurak mertebededirler. Hemmesine Alla gözel (akybet-jennet) wada edendir. Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

11. Allaga karzy-hasana (ygtyýary-karz, ýagny, Onuň ýolunda haýru-saha- wat) edýän kim bar? Bes, Ol şoňa birnäçe esse edip gaýtarar we onuň üçin uly sogap-sylag bolar.

12. Mömin we mömineleriň (mömin aýallaryň) alnynda we sag taraplarynda nurlarynyň (ýagny, eden ýagşy amallary we namaýy-amallaryň öz ýoluny ýagtyldyp) barýanyny görjek Güni (ýatlaň, şol Günde olara diýiler): "Siz üçin bu günki hoşhabar aşagyndan derýalar akyp durýan, (siziň) baky galjak jennetleriňizdir. Bu uly bagtyň özüdir!".

13. Ol Günde mynapyk we mynapyka (mynapyk aýal)lar iman getirenlere: "Bize garap duruň, biz hem siziň nuruňyzdan azajyk alyp peýdalanaly" diýseler, (olara) "Yzyňyza gaýdyp nur isläberiň" diýiler. Soň olar (bilen mömin)leriň ortasyna derwezeli bir diwar urlar ki, onuň içinde rahmet - jennet, daşynda - öňünde bolsa, azap - dowzah bolar.

14. Olar (möminlere) "Biz (durmuşy dünýäde) siz bilen bile dälmidik?" diýip nyda edenlerinde, (möminler) diýerler: "Hawa (göräýmäge biz bilen bilediňiz), emma siz (mynapyklyk bilen) özüňizi pitnä duçar etdiňiz we (bize bela-apatlar ýetişine) garaşdyňyz hem-de (Yslamyň hak dindigi dogrusynda) şübhelendiňiz we tä Allanyň emri (ýagny, ölüm) gelinçä, sizi (häli ömrüň uzaklygy, Allanyň her hili günäni geçip goýberi-berýändigi kibi) -ham-hyýallar aldady. Sizi Alla hakynda (Onuň keremi giň, hiç-haçan Öz ýaradan bendelerini azaba giriftar etmeýär diýip) aldaýan (şeýtan) aldady".

15. Ine, bu gün sizden hem, (eý, mynapyklar), kapyr bolan kimselerden hem (dowzah azabyndan gutulmagyňyz üçin) hiç hili salgyt alynmaz. Jaýyňyz dowzahdyr! Ol size iň mynasyp jaýdyr! Şeýle ýaman akybet (bu)!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda açyklary mömin-u, gizlinleri mynapyk bolan kimseleriň ahyretde duçar bolýan akybetleri beýan edilýär. Indi möminlere ýüzlenilip, olar özlerinden owal geçen kitap eýeleri kibi kalblary gatap, pasyk-etagatsyz bolup gitmezden, göwünlerini Allanyň zikriiýe we Gurhanyň tilewatyna maýyl etmäge çagyrylýar.

16. Iman getirenler üçin kalblary Allanyň zikrine we inderilen Hak - Gurhana maýyl bolmak (wagty) gelmedimi? (Şunuň dek, olar üçin) öň kitap bagyş edilen, soň (olar bilen pygamberler arasyndaky) mütdet uzalan soň, kalplary gatap galan kimseler (ýagny, ýahudy we nasranylar) kibi bolup galmazlyk (wagty gelmedimi)? Olaryň (ýahudy we nasranylar-dan) köpüsi pasyk-etagatsyzdyrlar!

17.(Eý, möminler), biliň ki, elbetde, Alla ölen ýeri dirildirer (ýagny, Allanyň gurap-gatap ýatan ýeri ýagyş bilen "dirildişi" ýaly siziň kalblaryňyzy hem Allanyň zikri Gurhan tilewaty bilen ýumşadar). Ine, Biz akyl ýöretmegiňiz üçin size (öz ylahyý-gudratymyza delalat edýän) aýatlary doly beýan etdik.

18. Elbetde, sadaka edýän erkekler we sadaka edýän aýallar hem-de Alla karzy-hasana berenler üçin (beren haýru-sadakalary) birnäçe esse (edip) gaýtarylar we olar üçin uly sogap-sylag bardyr.

19. Allaga we Onuň pygamberlerine iman getirenler - ana, şolar Perwerdigäriň huzurynda syddyklar (ýagny, sadyklar) juda rastgöý - wepaly adamlar we şehitleriň özleridir. Olaryň (ahyretde) sogap-sy-laglary we (ýollaryny ýagtylandyryp barýan) nurlary bolar. Kapyr bolan we Biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kimseler dowzah eýeleridir!

20. Biliň ki, bu durmuşy dünýä diňe (bir demlik) oýun-gülki, zer-zynat, özara magtanyş we mal-dünýä hem-de perzent köpeltmekdir. (Ol) göýä ýagyş ýaly bolup, onuň (ýardamynda gögeren) ot-çöp kapyrlary geň galdyryp (akyllaryny bent edip goýar). Soňra ol gurar, bes, ony saralan ýagdaýda görersiňiz. Soňra ol gury çöp bolup galar. (Durmuşy dünýäniň haly hem şundan üýtgeşik däldir). Ahyretde bolsa, (şol bäş günlük dünýä aldananlary üçin) gaty azap we (iman-ygtykat bilen geçenler üçin) Alla tarapyndan geçirim we razylyk bardyr. Durmuşy dünýä bolsa, diňe aldawçy matadyr.

> *21.(Eý, ynsanlar), Perwerdigäriňiz tarapyn bolýan magrypata hem-de Alla we Onuň pygamberlerine iman getirenler üçin taýýarlanyp goýlan, giňligi asman we Ýeriň giňligi kibi bolan jennete howlugyň! Bu (ýagny, wada edilen magrypat we jennet) Allanyň fazly-merhemeti bolup, ony Öz isläp kişilerine bagyş eder. Alla beýik fazly-merhemet sahybydyr.*

22. Ne Ýere we ne özüňize bir musybat ýeter, meger (ýetse), -Biz ony peýda etmezimizden öň Kitapda (Lawhul—Mahfuzda) ýazylandyr. Elbetde, bu Allaga aňsatdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, durmuşda ýüze çykýan, her bir ýagşy-ýaman, uly-kiçi waka-hadysa, elbetde, Alla tagalanyň takdyry-ezelinde ýazyl-gydyr. Ýaradandan birugsat birewiň bedenine bir tiken hem çümmeýär. Bu hakykatyň beýan edilmegine sebäp;

23. Täki siz eliňizden giden närsä gynanmasaňyz we (Allanyň) bagyş eden närsesi bilen şatlanyp (howalanyp) gitmegeý siz. Alla barça kibri-howaly, öwünjeň kimseleri söýmez.

24. Olar bahyllyk edýän we adamlary hem bahyl bolmaga çagyrýan kimselerdir. Kim (bahyllyk edip, haýyr-yhsan etmekden) ýüz dönderse, onda, elbetde, Allanyň Özi (barça älemden) bihajat we hamdy-sena laýyk zatdyr.

25. Kasam ki, Biz Öz pygamberimizi anyk hüjjet - mugjyzalar bilen iberdik we olar bilen bile Kitap we adamlaryň adalaty ýüze çykarmagy üçin mizan-terezi inderdik. Ýene Biz demiri ýaratdyk. Onda güýç-kuwwat we adamlar üçin peýda bardyr. Alla gaýypda (bende- leriniň gözüne görünmezden) duran ýagdaýynda, Özüne we pygamberlerine (Alla ýolunda jihad etmek bilen) ýardam berýän kişileri bilmek üçin (demiri ýaratdy). Elbetde, Alla güýçli, gudratlydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty kerimde jemgyýet tertibi we adamlaryň asudalygy üçin Allanyň kitaby we adalat terezisi bilen bile ýene demire, ýagny, güýçli gurala hem mätäç bolunýanlygyna yşarat edilýändir.

26. Kasam ki, Biz Nuhy we Ybraýymy pygamber edip iberdik hem-de pygamberligi we Kitaby (ýagny, Töwrat, Injil, Zebur we Gurhany) hem ikisiniň zürýatlaryna (bagyş) etdik. Bes, olaryň (ýagny, Nuh we Ybraýym zürýatlarynyň) arasynda hidaýat tapyjy (kişiler) hem bar, (emma) olaryň arasynda köpüsi pasyk-etagatsyzlardyr.

27. Soňra olaryň yzlaryndan yzly-yzyna pygamberlerimizi iberdik we Merem ogly Isany hem (olaryň) yzyndan iberdik we oňa Injil bagyş etdik hem-de oňa eýerenleriň kalblarynda mähribanlyk we rehim-şepagat (peýda) etdik. Rahyblygy bolsa, olaryň özleri tapdylar. Biz olara (rahyb bolmaklaryny) ýazan-buýran däldiris, ýöne olaryň özleri Allanyň razylygyny isläp (rahyblygy endik) etdiler-de, soň oňa dogry-doly raý edip bilmediler. Bes, Biz olaryň iman getirenlerine sogap-sylaglaryny bagyş etdik. (Emma) olaryň arasynda köpüsi pasyk- etagatsyzlardyr.

28. Eý, (Isaga) iman getirenler, Alladan gorkuň we Onuň pygamberi (Muhammet alaýhy-s-salama) hem iman getiriň, (şonda) Ol size Öz rahmetinden iki esse bagyş eder we siz üçin (Kyýamat gününde alnyňyzda) ýörýän nur (peýda) eder, hem-de sizi magrypat eder. Alla geçirimli, mähribandyr.

29. Kitap eýeleriniň özleriniň Allanyň fazly-merhemetinden bir närsä-de (ýetmäge) kadyr bolup bilmejekdiklerini we fazly-merhemetiň Allanyň elinde bolup, ony diňe Öz islän kişilere bagyş edýänligini bilmekleri üçin (Alla olara ýokardaky hökümleri beýan etdi). Alla beýik fazly-merhemet sahybydyr.

58. SÖHBET SÜRESI

Bu süre hem Medinede inderilen bolup, ýigrimi iki aýatdyr. Süräniň başynda bir aýalyň öz äriniň etmişi dogrusynda arz-şikaýat edip, gelip pygamber alaýhy-s-salam bilen söhbet edenligi beýan edilýär. Süräniň "Mujadala - "Sorag-jogap, gürrüň-söhbet" diýip atlandyrylanynyň sebäbi şudur. Soňra şol arz-şikaýat edip gelnen "Zihar" meselesiniň hökümi we zihar edeniň boýnuna-borjuna düşýän kaffarat - töleg hakynda söz barýar.

Bu sürede ýahudy we mynapyklaryň günä, zorluk we pygambere etagatsyzlyk (boýun synmazlyk) dogrusynda özara pyşyr-pyşyr edişip, dil birikdirişleri, olaryň möminlere we pygamberimize ýetirýän azar-ezetleri hem-de ahyr-akybet tapjak azap-ukubatlary dogrusynda habar berilýär. Şonuň ýaly-da, bu sürede möminlere olaryň özara mynasybetlerinde we pygamber alaýhy-s-salam bilen edýän çözgütlerinde raýa-amal etmekleri lazym bolan edep-ahlak barasynda ýol-ýorgutlar görkezilýär. Süräniň soňunda Alla tagala we ahyret Gününe iman getiren kişileriň sypat-häsiýetleri hakynda sözlenip, olara gazanjak bagg-saga-datlary habar berilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. (Eý, Muhammet), hakykatdan hem, Alla siz bilen öz jübüti hakynda jedelleşýän we Allaga şikaýat edýän (aýal)yň sözüni eşitdi. Alla siziň bästi-jogaplaryňyzy eşider. Elbetde, Alla eşidýändirem, görýändirem.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatyň hasyl boluşyna aşakdaky waka sebäpdir. Sahabalardan Abs ibn Samitiň aýaly Hawla binti Salaba atly bir aýal pygamber alaýhy-s-salamyň huzuryna gelip: "Ýa, resulyllah Aws meni zihar kyldy" diýip, öz ärinden şikaýat edýär. "Zihar" sözi araplaryň dilinde kişi öz hatynyna "Enemiň bedeni kibi seniň bedeniň hem maňa haram" diýmegi aňladýar. Yslam dini gelmezinden öň, zihar edilen hatyn äri üçin enä öwrülip galypdyr, diýmek, talak edilen hasaplanýardy. (Bu dogrusynda "ZZ.Azhab" süresiniň dördünji aýatynda hem beýan edilendir). Şonuň üçin

bu aýal äriniň bu etmişinden nalap, ýaş çagalarynyň barlygy, eger är-aýal aýrylyşyp gitseler, şol çagalara jebir boljagyny aýdyp gelýär. Ýöne pygamberimize "Zihar" meselesi hakynda häli-heniz Alla tagala tarapyn birem höküm inderilmändi. Şu sebäpden, ol şikaýatçy aýala: "Diýmek, sen äriňe haram bolup galypsyň" diýip, jogap berýär. Emma ol aýal bu jogapdan kanagatlanman, ýene öz sözlerini tekrarlaýar. Resulyllah hem ýene owalky jogabyny gaýtalaýar. Ikisi şu görnüşde sowal-jogap edip durkalar, birden pygambsr alaýhy-s-salama ýokardaky we aşakdaky aýatlar nazyl bolýar hem-de olarda Alla tagala "Zihar" meselesi dogrusynda Öz hökümini beýan edýär.

2. Araňyzdaky öz hatynlaryny zihar edýän kimseleriň (zihar edilen hatynlary) olaryň enesi däldir. Diňe olary dogran (aýal)lar olaryň enesidir. Şek-şübhesiz, olar nämakul we ýalan söz aýdarlar. (Ýöne) Alla, şübhesiz, bagyşlaýjy we magrypat edijidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, şol öz hatynlaryny enelerine meňzetmek. ýaly nämakul we ýalan söz aýdanlar öz kylmyşlaryndan puşman bolup, toba etseler, şek-şübhesiz, Alla tagala bagyşlaýjy, magrypat edijidir. Olaryň arasyna hiç-hili talak düşmeýär. Ýöne öz aýalyna zihar edip, soň oňa gaýtmakçy bolan kimse bu kylmyşy üçin mälim mukdarda kaffarat - töleg tölemelidir. Indi aşakdaky aýatlarda şol kiffara-tyň mukdary beýan edilýär.

3. Öz aýallaryna zihar edip, soňra aýdan sözlerinden gaýdýan kimseleriň (borjunda är-aýal) bolup goşulmaklaryndan öňürti bir guly azat etmek bardyr. Bu size mawgyza - ybrat bolgaý. Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

4. Indi kim (azat etmek üçin gul) tapyp bilmese (onuň boýnunda, borjunda är-aýal) bolup goşulmaklaryndan öňürti yzly-yzyna iki aý oraza tutmak bardyr. Indi kim (oraza tutmaga) kadyr bolmasa, (onuň boýnunda) altmyş sany biçäre-misgine tagam bermek bardyr. Bu (hökümler) siziň Alla we Onuň pygamberine iman getirmegiňiz üçin (inderildi). Bular Allanyň (belläp goýan) çäkleri-kanunlarydyr. We (bu kanunlary inkär edýän) kapyrlar üçin agyr azap bardyr.

5. Elbetde, Alla we Onuň pygamberiniň çyzan çyzygyndan çykýan kimseler edil özlerinden owalkylaryň heläk edilişi kibi heläk edilerler. Derwaka, Biz açyk-röwşen aýatlary hasyl etdik. (Ine, bu aýatlary inkär edýän) kapyrlar üçin hor ediji azap bardyr.

6.(Şol *kapyrlar azaba duçar edilýän*) *Günde Alla olaryň hemmesini gaýtadan dirildip, (durmuşy dünýäde) eden amallarynyň habaryny berer. Ony (amallaryny) Alla hasaplap, ýazyp goýdy, olar bolsa, unutdylar. Alla barça närsäniň üstünde güwädir.*

7. Allanyň asmanlardaky we Ýerdäki bar närsäni anyk bilýänini görmedi-ňizmi, bilmediňizmi? Üç kişiniň özara pyşyr-pyşyrdylary bolsa, elbetde, Ol olaryň dördünjisidir, bäş kişiniň (özara pyşyr-pyşyrdylary bolsa), elbetde, Ol olaryň altynjysydyr. (Özara syrlaşýan kişiler)mundan az bolýarmy ýa köp bolýarmy, elbetde, Ol nirede bolsalar hem, olar bilen biledir. Soňra Kyýamat gününde olara eden amallarynyň habaryny berer. Elbetde, Alla hemme närsäni bilýändir.

8.(*Eý, Muhammet*), *özara pyşyr-pyşyrdan gaýtarylanlaryndan soň, ýene özleriniň gaýtarylan närsesine gaýdýan hem-de günä, zorluk we pygambere boýun synmazlyk dog- rusynda özara pyşyrdaşýan kimseleri görmediňizmi? Haçan olar siziň ýanyňyza gelse, size bir söz bilen salam bererler ki, Alla size şol (söz) bilen salam bermändi. Ýene özleriçe: "Näme üçin aýdyşýan sözlerimiz sebäpli, Alla bizi azaplanok? (Eger, Muhammet hak pygamber bolanlygynda, elbetde, Alla bizi azaba giriftar ederdi") diýerler. Olara öz girjek jähennemleri (azap dogrusynda) kipaýa eder! Bes, şeýle ýaman akybet (bu)!*

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat möminleri görenlerinde, bir-birleri bilen pyşyr-pyşyr we dürli üm-yşaratlar edişip, olara azar berýän ýahudy we mynapyklar hakyndadyr. Pygamber alaýhy-s-salam olary bu gylykla-ryndan gaýtarannyndan soň hem, olar öz pyşyr-pyşyrdylaryndan gaýtmadylar, belki hetlerinden aşyp, resulyllaha ýüzbe-ýüz bolanla-rynda: "Essalamu-aleýkum, ýagny, size dynçlyk-amanlyk bolsun" diýmek

deregine: "Assamu-aleýkum,, ýagny, size ölüm bolsun" diýýärler. Şonuň üçin Alla tagala olaryň jezalarynyň jähenneme girmekdigi dogrusynda habar berýär.

9. Eý, möminler, siz özara pyşyrdaşyp gepleşenleriňizde günä horluk we pygambere boýun synmazlyk dogrusynda pyşyrdaşmaň, (gaýta) ýagşylyk we takwalyk hakynda pyşyrdaşyň hem-de sizi huzuryna toplaýan Alladan gorkuň!

10.(Ýahudy we mynapyklaryň) özara pyşyr-pyşyrdylary diňe şeýtan tarapyndan bolup, iman getirenleri gamgyn etmek üçindir. (Emma) ol Allanyň idini-eradasy (bolmasa) olara birem zyýan ýetirip bilýän däldir. Bes, möminler ýalňyz Allaga töwekgel etsinler – söýensinler!

11. Eý, möminler, haçan size (mejlis-söhbetlerde dost-ýarlaryňyz gelip: "Bize hem şu mejlisden) ýer beriň" diýilse, derrew ýer beriň. Alla size hem (Öz jennetinden) ýer berer. We haçan "(Ýeriňizden) turuň" diýilse, derrew turuň. Alla sizden iman getiren we ylym bagyş edilenleri (belent) derejä - mertebelere göterer. Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýaty Kerimde möminlere mejlis edepleri tälim berildi we olary görnügiňlige, ýagny, mejlislere gelip goşulmagy islän dostlaryna ýanlaryndan ýer bermäge we eger hemme orunlar bent bolsa, soň gelenlere öz orunlaryny boşadyp bermäge çagyrýar. Ýene bu aýatda ylmyň fazylaty-täsiri ýörite takyklap geçilýär ki, bu barada pygamber alaýhy-s-salam tarapyndan hem ýörite köp-köp hadyslar rowaýat edilen bolup, olardan biri, ine, bu hadysy-şeripdir: "Alymyň bilim üstündäki täsiri edil dolan Aýyň başga ýyldyzlaryň üstündäki täsiri ýalydyr". Danalaryň biriniň aşakdaky sözleri hem ybratlydyr: "Men ylym tapyp bilmedik adamyň näme tapanyny, ylym tapan adamyň bolsa, näme ýitirenini bilsedim?.1"

12. Eý, möminler, haçan siz pygamber bilen syrlaşmak-söhbetleşmegi isleseňiz, söhbetiň öňünden (garyp-misginlere) islendik bir haýyr-sadaka gowşuryň! Bu özüňiz

üçin ýagşyrak we (günäleriňizi) päkleýjidir. Indi eger (sadaka eder ýaly närse) tapyp bilmeseňiz, onda, elbetde, Alla magrypatly, mähribandyr.

13. Söhbetiň öňünden haýyr-sadakalar gowşursak, (garyp düşeris diýip) gorkduňyzmy? Bes, siz (haýyr-sadaka) etmänsiňiz we (barybir) Alla tobaňyzy kabul edipdir, indi namazy doly eda ediň we zekaty (hakdarlara) bagyş ediň hem-de Alla we Onuň pygamberine etagat ediň (boýun synyň)! Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr!

14. (Eý, Muhammet), Allanyň gazabyna duçar bolan kowumy (ýahudylary) dost tutan kimseleri (mynapyklary) görmediňizmi? Ol (mynapyklar) sizden (ýagny, musulmanlardan) hem, olardan (ýagny, ýahudylardan) hem däldirler! Ýene olar (özleriniň mynapykdygyny) bilip duran ýagdaýlarynda ("Biz musulmandyrys" diýip) kasam hem içerler.

15. Alla olar üçin gaty azaby taýýarlap goýandyr! Hakykatdan, olaryň eden amallary şeýle ýamandyr!

16. Olar özleriniň (ýalan) kasamlaryny galkan edinip, (adamlary) Allanyň ýolundan sowdular. Bes, olar üçin har ediji azap bardyr!

17. Olaryň mallary hem, perzentleri hem Alla tarapyn (bolýan) bir Närsäni-de - azaby (hem) dep edip bilmez. Olar dowzah eýeleridir. Olar şol jaýda baky galar!

18. Ol Günde (ýagny, kyýamatda) Alla olaryň hemmesini gaýtadan direldende, olar edil size kasam içişleri ýaly, Oňa hem kasam içerler we özleri (şu ýalan kasamlary sebäpli) peýda gazanarys öýderler. Ägä boluň kim, elbetde, olar öte ýalançy kimselerdir!

19. Olary şeýtan eýeläp, olara Allany ýatlamagy unutdyrdy. Ana, şolar şeýtan toparydyr. Ägä boluň kim, elbetde, şeýtan toparyndan (bolan kimseler) zyýan görüjilerdir.

20. Elbetde, Alla we Onuň pygamberiniň çyzan çyzygyndan çykan kimseler ana, şolar iň hor kimseler hataryndadyr!

21. Alla (Lawhul-Mahfuzda); "Şek-şübhesiz, Men Öz pygamberim bilen bile ýeňiji bolar men" diýip ýazyp goýandyr. Elbetde, Alla güýçli, gudratlydyr.

22. Allaga we ahyret gününe iman getirýän kowumyň Alla we Onuň pygamberiniň çyzan çyzygyndan çykan kimseler bilen - eger olar özleriniň atalary ýa-da ogullary ýa-da aga-inileri ýa-da garyndaş-uruglary bolsalar-da - dostlaşanlaryny tapmarsyňyz. Ana, şolaryň kalblaryna (Alla) imany ýazyp goýandyr we olary Sag tarapyndan bolan Ruh-Gurhan bilen kuwwatlandyrandyr. Ol olary astyndan derýalar akyp duran, olaryň baky galjak jennetlerine girizer. Alla olardan razy boldy we olar hem (Alladan, Onuň beren sogap-sylaglaryndan) razy boldular. Ana, şolar Allanyň hyzbydyrlar. Ägä boluň kim, elbetde, Allanyň topary (bolanlar) bagt-sagadat taparlar!

59. HAŞR SÜRESI

Ýigrimi dört aýatdan ybarat bu süre Medinede inderilendir. Süräniň mehweri - oky ýahudylardan Banu Naziýr atly tiräniň hyýanatkärlikleri sebäpli, öz diýarlaryndan sürgün edilişleriniň we Yslam taryhynda "Banu Naziýr gazaty" ady bilen galan gazawat wakasyny beýan etmek etrapynda aýlanýar. Şonuň üçin hem bu süre "Jemläp, sürgün etmek" diýen manyny berýän "Haşr" ("Haşar sözi hem şu manydadyr) ady bilen atlandyrylandyr. Şonuň ýaly, bu sürede ýahudylaryň tabakdaşlary bolan mynapyklaryň etmişleri açyp görkezilýär we olar eger daşyndan bir-birleri bilen özara bir ýaly bolup görünseler-de, kalblaryndaky maksatlarynyň düýpden dürli-dürlüdigi takyklanýar.

Süre sahabalaryň taryp-teswirleri we Gurhany kerimiň gadyr-mertebesi hakyndaky aýatlary hem öz içine alandyr.

Süräniň soňunda Alla tagalanyň gözel atlary we ylahyý sypatlary zikr edilip, möminler ýalňyz Alladan gorkmaga buýrulýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Asmanlardaky we Ýerdäki bar närse Allaga tesbyh aýtdy. Ol gudrat we hikmet sahybydyr.

2. Ol kitap eýelerinden (ýahudylardan) kapyr bolan kimseleri birinji toplanyşda diýarlaryndan kowup çykarandyr. (Eý, möminler), siz olaryň çykyp gitjegini oýlap hem görmändiňiz. Olar hem özleriniň diwar-galalaryny Alla(nyň azabyn)dan böwetleýji diýip oýlandylar. Bes, Alla(nyň azaby) olaryň hasaba almadyk tarapyndan geldi we kalblaryna gorky saldy. Olar özlerini öz elleri we möminleriň elleri bilen bozarlar. Bes, eý akyl eýeleri, (olaryň ahwalyndan) ybrat alyň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Pygamber alaýhy-s-salam gutly Mekgeýi mukarramdan Medineýi münewwere hijret edip gelenlerinden soň, ýahudylaryň Medine etrapynda ýaşaýan Banu Naziýr tiresi onuň bilen bitaraplyk dogrusynda

sulh düzüpdi. Ýöne musulmanlar Uhud jeňinde ýeňlişe duçar bolanlaryndan soň, Banu Naziýr ýahudylaryň aradaky sulhy bozup, musulmanlar arasyna sokulyp giren käbir mynapyk kimseler bilen dil birikdirip, Mekge kapyrlaryna adam iberýärler we Muhammet alaýhy-s-salama garşy jeň etmek üçin olar bilen birleşmäge taýýardyklaryny bildirýärler. Resulyllah bu hyýanatdan habar tapandan soň, ýahudylaryň Mek-gä iberilen ilçileri Kab ibn Aşrafni jezalandyrmagy buýrýar we özleri goşun bilen baryp, Banu Naziýr tiresini gurşawa alýar. Gurşawyň ýigrimi birinji gününde kalblaryna gorky düşen ýahudylar pygamberimize gaýtadan sulh düzmegi teklip edenlerinde, ol haýynlar bilen hiç hili sulh düzmek mümkin däldigini bildirip, olardan göterip bilen närselerini alyp, derrew bu ýurtdan çykyp gitmeklerini talap edýär. Şeýdip, ýahudylaryň ýaşaýan öýleriniň örelerine - direglerine çenli bozup, düýelere ýükläp, hiç hili jeň-jedelsiz öz diýarlaryndan çykyp gidýärler.

3. Eger Alla olara sürgüni ýazmadyk bolsa, elbetde, olar, ine, şu dünýäde (jeza ýa-da ýesirlik bilen) azaplanardylar. Olar üçin ahyretde dowzah azaby hem bardyr.

4. Muňa sebäp, olaryň Alla we Onuň pygamberine garşy duranlyklarydyr. Kimde-kim Allaga garşy dursa, bes, elbetde, Allanyň jezasy gatydyr.

5.(Eý, möminler), siz (Banu Naziýr hurma baglaryndan) birje hurma daragtyny kesdiňizmi ýa-da ony öz düýbünde duran ýagdaýynda galdyrdyňyzmy, bes, (siziň eden her bir işiňiz) Allanyň idin-eradasy bilen we pasyk-etagatsyz kimseleri ryswa etmek üçin (boldy).

6. Allanyň Öz pygamberine olardan olja alyp beren närseleriniň üstüne siz at-düýeleri oýnadyp-çapdyryp barmadyňyz (ýagny, ol oljalary siz horlanyp, kynçylyk çekip, jeňňi-jedel bilen ele salmadyňyz), ýöne Alla Öz pygamberlerini Özi islän kimselerden (ine, şeýle) üstün edip goýar. Alla ähli närsä kadyrdyr.

7. Allanyň oba-şäherleriň (kapyr) ilatyndan Öz pygamberine olja edip beren närseleri siziň baý-döwletli kişileriňiziň arasynda

aýlanyp ýören zat bolmazlygy üçin Allanyňky, pygamberiňki we (onuň) dogan-garyndaşlarynyňky, ýetimleriňki, biçäre-misginleriňki we ýolagçy mysapyrlaryňkydyr. Pygamberiň özüniň size bagyşlan zadyny alyň, onuň size bermedik zadyny almaň we Alladan gorkuň! Elbetde, Allanyň jezasy gatydyr.

8.*(Ol oljalar ýene) öz diýarlaryndan we mal-mülklerinden kowup çykarylan garyp mysapyrlaryňkydyr ki, olar Alladan fazly-merhemet we razylyk islärler hem-de Alla we Onuň pygamberine ýardam bererler. Ana, şolar (imanlarynda) sadyklar (wepalylardyr).*

9. Olardan (mysapyrlardan) öň (Medine) diýaryna ýerleşen we iman-ygtykaty (mäkem tutan) zatlar ynsanlar) bolsa, özleri(niň ýanlary)na hijret edip gelen kişileri söýerler we kalblarynda olara (mysapyrlara) berlen närseler-oljalar sebäpli, birem hasat-bahylçylyk etmezler hem-de eger özlerinde her näçe zerurlyk bolsa-da, özlerini goýup (özgelere) yhsan-ygtyýar ederler. Kimde-kim öz nebsiniň bahyllygyndan saklanyp bilse, bes, ana, şolar najat taparlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda öýlerini we mal-mülklerini terk edip, pygamber alaýhy-s-salam bilen Medineden hijret edip gelen mu-hajyrlaryň-mysapyrlaryň arzuw-niýetleri diňe Allanyň razylygyny islemek hem-de Alla we pygambere ýardam etmek bolanlygy takyklandy we uruşdan düşýän oljalaryň bir böleginiň şolaryň hakydygy aýdylýar. Şeýle hem, olaryň öňünden öý-jaý we iman-ygtykat bilen çykan ansarlar-kömekçiler (olar pygamberimize we başga muhajyrlara her bir işde kömek berenleri üçin, ine, şu ada eýe bolupdyrlar) we olaryň göwnügiňlikleri, öz peýdalaryndan özgeleriň peýdasyny ýokary goýup bilýändikleri taryplandy.

Hökümalardan Abu Zeýdiň örän ybratly, ine, bu sözi edil şol ansarlar hakynda aýdylan ýaly: Balhly bir ýigit maňa: "Özleriňiziň zuhd-takwa-laryňyz hakynda aýdyp bergin" diýipdi, men aýtdym: "Tapsak iýýäris, tapmasak sabyr edýäris". Şonda ol aýtdy: "Bizde

Balhyň itleri şeýdýärler, biz bolsa, tapmasak, sabyr edýäris, tapsak, özümizden mätäjräklere berýäris".

10. Olardan soň (dünýä) gelenler aýdarlar: "Ýa, Perwerdigär, Özüň bizi we bizden öň iman bilen ötenleri magrypat etgin we kalbymyza iman getirenler üçin birem erbetlik salmagyn. Ýa, Perwerdigär, elbetde, Sen mähriban we rehimlisiň".

11.(Eý, Muhammet), mynapyk kimseleriň özleriniň kitap eýelerinden (ýahudylardan) bolan kapyr ýoldaşlaryna: "Kasam ki, eger siz (Medineden) kowup çykarylsaňyz, elbetde, biz hem siz bilen bile çykyp gideris we siz(ýe garşy uruşmak) dogrusynda hiç-haçan bir kimsä-de boýun synmarys. Eger size garşy jeň edilse, elbetde, biz size ýardam bereris" diýiş- lerini görmediňizmi? Alla güwälik berer ki, olar, şek-şübhesiz, ýalançylardyr.

12. Kasam ki, eger (ýahudylar öz diýarlaryndan) kowup çykarylsalar, (mynapyklar) olar bilen bile çykyp gitmezler, eger (ýahudylara garşy) jeň edilse, (mynapyklar) olara ýardam hem bermezler we eger (birden) ýardam berseler hem, elbetde, ýahudylar (möminlerden ýeňlip) yzlaryna garaman gaçarlar we soň olara ýardam hem berilmez.

13.(Eý, möminler), anyk ki, siz (mynapyklaryň) kalblarynda Alla garanyňda gorkun- jyraksyňyz. Muňa sebäp, olaryň (Allanyň gudratyny) aňlamaýan kowumdyklarydyr.

14. Olar (mynapyk we ýahudylar). birleşseler, siz bilen diňe gala-haýatly obalaryň içinde (gizlenip) ýa-da diwarlaryň yzyndan jeň edip bilerler, (ýagny, hiç haçan size garşy açyk jeňe çykyp bilmezler). Olar öz arasynda güýçli-kuwwatlydyr. (Ýagny, jeň-jedel bolmazdan öň özara güýçli-gudratly ekenlikleri hakynda lap uruberýärler, emma jeň wagtynda ejiz-gorkakdyrlar. Dahanlaryndaky sözlerinden) olary bir diýip hasaplarsyňyz-da, (emma) kalblary hilme-hildir. Muňa sebäp, olaryň akylsyz

kowumdyklarydyr.

15.(Olar) edil özlerinden azajyk (wagt) öň öten, öz kylmyşlarynyň zyýanyny dadan kimseleriň (ýagny, Bedr jeňinde ýeňlip, masgara-şermende bolan müşrikleriň) taýydyr. Olar üçin (ahyretde hem) agyr azap bardyr.

16.(Ýahudylary möminlere garşy bolmaga gijjeleýän mynapyklar) edil şeýtanyň taýydyr. Ýatlaň, ol ynsana "Kapyr bol!" diýipdi. Indi haçan ki (ynsan) kapyr bolandan soň, (şeýtan oňa?) "Elbetde, men senden bizarmen. Çünki, men barça älemler Perwerdigäri bolan Alladan gorkar men" diýdi.

17. Bes, ikisiniň (şeýtan we onuň sözüne gidip kapyr bolan ynsanyň) akybeti dowzaha girip, onda baky galmaklary boldy. Zalym kimseleriň jezasy şudur!

18. Eý, möminler, Alladan gorkuň we (her bir) jan ertir (Kyýamat güni) üçin nämäni (ýagny, nähili ýagşy amaly) berjaý edenine garasyn! Alladan gorkuň! Elbetde, Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

19. Siz Allany unudan (ýagny, Onuň emri-permanlaryna etagat etmedik boýun synmadyk) bes, (şondan soň Alla) olara Özüni hem unutdyran (ýagny, özlerine ahyretde peýda berýän amallar etmekden ýüz öwren) kimseler kibi bolmaň! Ana, şolar pasyk-etagatsyz kimselerdir!

20. Dowzah eýeleri bilen jennet eýeleri barabar bolmaz. Jennet eýeleri (bagt-sagadata) ýetýändirler.

21. Eger Biz işbu Gurhany bir daga inderen bolsak, elbetde, siz ony (dagy) Alladan gorkusyna eglip, ýarylyp giden halynda görerdiňiz. (Ýöne Käbir ynsanlaryň kalblary dagyň daşyndan hem gatyrak bolany sebäpli, olara Gurhan aýatlary hem täsir etmez). Biz bu

mysallary adamlar üçin, goý, olar pikir ztsinler diýip getirýändiris.

22. Ol - Alla şeýle zatdyr ki, hiç hili ylah ýok, diňe Onuň Özi bardyr. (Ol) gaýyp we şahadaty (ýagny, gizlin we äşgärä närseleri) bilijidir. Ol mähriban we rehimlidir.

23. Ol - Alla şeýle zatdyr ki, hiç-hili, ylah ýok, diňe Onuň Özi bardyr. Ol (ýalňyz) patyşadyr, (ähli aýby nogsandan) päkdir-salamatdyr. (Özi islän bendelerini dünýäniň bela-apatlaryndan we ahyret azabyndan) aman edijidir, (bendeleriniň amallaryny) görüp, gözegçilik edip durujydyr, gudrat sahybydyr, boýun syndyryjydyr, (tenha) menlik eýesidir. Alla olaryň (müşrikleriň) şeklerinden päkdir.

24. Ol - Alla ýaradyjydyr (ýokdan) bar edijidir, (ähli närsä) surat-şekil berijidir. Onuň gözel atlary bardyr. Asmanlar we Ýerdäki bar närse oňa tesbyh aýdar. Ol gudrat we hikmet sahybydyr.

60. MUMTAHANA SÜRESI

Bu süre hem Medinede inderilen bolup, on üç aýatdyr. Ol möminlere Allanyň hem, özleriniň hem duşmanlary bolan müşrikler bilen dostlaşmazlygy buýrmak bilen başlanyp, soňra bu hakda Ybraýym alaýhy-s-salam we onuň taryhyndan ybrat alsaň, gözel görelde barlygy takyklanýar, we şonuň bilen bilelikde, süre dowamynda musulmanlara garşy uruşmaýan hem-de olaryň zyýanlaryna özgeler bilen dil birikdir-meýän gaýry dinliler bilen ýagşy gatnaşyk-mylakat düzmegiň dürsdügi hem mälim edilýär.

Bu sürede möminlere müşrikleriň ellerinden gaçyp, Medinä hijret edip gelen we özleriniň mömine ekenliklerini bildiren aýallaryň imanlaryny synag edip görmek buýrulýar. Süräniň "Mumtahana" "Synag edilýän aýal" diýip atlandyrylyşynyň sebäbi şudur. Süre möminleri Alla tagalanyň gazabyna duçar bolan müşrikler bilen dost bolmazlyga tekrarlap çagyrmak bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Eý, möminler, Meniň duşmanym we siziň duşmanlaryňyz (bolan müşrikler)i dost tutmaň! Siz olara dostluk (hakynda hat-habar iberersiňiz), olar size gelen Hak(din we Gurhan)a kapyr bolandyrlar! Olar pygamberi hem, sizi hem Perwerdigäriňiz bolan Allaga iman getireniňiz sebäpli, (öz diýaryňyzdan) kowup çykarýarlar! Eger siz Meniň ýolumda jihad etmek üçin we Meniň razylygymy isläp çykan bolsaňyz, (onda müşrik kapyr kimseleri dost tutmaň)! Siz olara pynhan dostluk edýärsiňiz! Elbetde, Men siziň ýaşyran närsäňizi hem, äşgär eden närsäňizi hem örän ýagşy bilýändirin! Sizden kim şu işi etse, bes, anyk ki, ol dogry Ýoldan azypdyr!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatyň inderilmegine aşakdaky waka sebäp bolupdyr. Pygamber alaýhy-s-salamyň Mekgäni ele (almak üçin taýýarlyk görüp ýören wagtlarynda, mysapyr sahabalardan Hatyb ibn abi Bultaa bu hakda Mekge ulumsylaryna hat ýazyp, olara garşy urşa taýýarlyk görülýänliginiň

habaryny berýär we ony şol tarapa gidýän bir aýaldan berip goýberýär. Şonda Jebraýyl perişdäniň getiren wahyýy arkaly bu hufýana – gizlin hereket resulyllaha mälim bolýar we ol hezreti Alyny ýene iki sahaba bilen şol aýalyň yzyndan iberýär. Olar ol aýaly pygamberimiziň aýdan Medinäniň golaýyndaky Rawzahah diýen ýerden tapyp, ondan haty bermegini talap edenlerinde, ol ilki dänýär, emma soň, ilçileriň söz-haýbatyndan soň, saçlarynyň arasyndan haty çykaryp berýär. Hat ellerine gelip düşen soň, pygamber alaýhy-s-salam Hatyby çagyryp, ondan: "Bu nähili gylyk?" diýip soranynda, ol şeýle jogap berýär: "Ýa, resulyllah, men Yslama girelim bäri, bu dinden gaýdan hem däldirin, size hyýanat eden hem däldirin. Ýöne men hijret edip çykamda, bala-çagalarym Mekgede galandyr. Başga mysapyr-muhajyrlaryň Mekgede galan bala-çagalaryny we mal-mülklerini öz hemaýatyna alýan agaýy-garyndaşlary bar, emma meniň Mekgede birem goragçym ýokdur. Şu sebäpden, ine, bu hatym Mekge ulumsylarynyň ellerine baryp degse, olar maşgalama howandarlyk eder diýip oýlapdym. Men bu haty dinimize bir zyýan ýetirmek üçin ýazan däldirin". Bu halaty gören Omar: "Ýa, resulyllah, rugsat beriň, bu mynapygyň başyny bedeninden jyda edeýin" diýeninde, pygamberimiz şeýle diýýär: "Ýok, ol "Bedr (jeňine) guwä bolan (ýagny, musulmanlar heniz örän azlyk we ejiz ýagdaýda wagtlarynda, olar bilen bile Bedr jeňinde kapyrlara garşy jeň edipdi). Sen nireden biler sen, eý Omar, belkem, Alla tagala Bedr jeňine gatnaşan musulmanlaryň ähli eden we edýän günälerini magrypat edip goýandyr" diýýär. Ine, şu wagtda ýokardaky aýaty Kerim hasyl boldy.

2.(Eý, möminler), eger olar (müşrikler) size duşsalar, duşmanlaryňyz bolarlar we size ellerini we dillerini ýamanlyk bilen uzadarlar. (Ýagny, sizi öldürerler, ykarat ederler). Olar siziň ýene kapyr bolmagyňyzy islärler.

3.(Kyýamat gününde) size garyndaş-uruglaryňyz hem, bala-çagalaryňyz hem hergiz peýda bermez! Kyýamat gününde (Alla) araňyzy üzer. (Bes, näme üçin şol tohum-tijiňize hemaýat etmek üçin Allaga günäkär bolýarsyňyz?!) Alla edýän amallaryňyzy görüp durandyr.

4. Siz üçin Ybraýym we onuň bilen bile bolan kişilerde (olaryň kapyrlara garşy eden hereketlerinde) gözel ybrat bardyr. Ýatlaň, olar öz kowumlaryna: "Hakykatdan, biz sizden we siziň Allany goýup, ybadat edýän butlaryňyzdan bizardyrys. Biz sizi (ynanyp, ybadat edýän butlaryňyzy) inkär etdik. Täki siz ýalňyz Allaga iman getirýänçäňiz, siz bilen biziň aramyzda ebedi adawat we ýaman görmek bardyr" diýdiler. Diňe Ybraýym öz(üniň kapyr bolan) atasyna: "Elbetde, men (Alladan) seniň üçin magrypat soraryn, (ýöne) saňa Alla tarapyn bolýan bir närsäni-de (azaby gaýtarmaga) mälik däldirin" (diýen sözleri size görelde bolsun)!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ybraýym alaýhy-s-salam atasynyň imana gelmeginden umydygär bolup, oňa Alla tagaladan magrypat soramak hakynda wada etdi. Emma onuň imana gelmejigi anyk bolandan soň, Ybraýym pygamber ondan ýüz öwürýär. Bu hakda "Toba süresiniň 114 aýatynda beýan edilendir.

(Ybraýym we onuň bilen bile bolan möminler ýene şeýle doga edipdiler:) "Ýa, Perwerdigär, ýalňyz Özüňe töwekgel etdik we Özüňe ynanç-toba etdik. Ýalňyz saňa gaýtmak bardyr.

5. Ýa, Perwerdigär, bizi bu kapyr bolan kimselere aşyk-aldanyjy edip goýmagyn, bizi(ň günälerimizi) magrypat etgin. Perwerdigär-ä, elbetde, Sen Özüň gudrat we hikmet sahyby Sen".

6. Hakykatdan, siz üçin - Alla we ahyret Gününden umydygär bolan kişiler üçin olarda (Ybraýym pygamber we onuň, bilen bile bolan möminleriň tutan ýollarynda) gözel görelde bardyr. Kim (Yslamdan we, ine, şu pent-nesihatlardan) ýüz dönderip gitse, onda, elbetde, Alla (onuň ýaly kimselerden) bihajat we öwgä laýyk zatdyr.

7. Belkem, Alla siz bilen size duşman bolup ýören kimseler arasynda - (olary hem imana we Yslama duçar etmek bilen) - bir dostlugy peýda edip goýar. Alla (ähli işe) kadyrdyr. Alla magrypatly, mähribandyr.

8. Alla siziň kalblaryňyz dogrusynda siziň bilen uruşmadyk we sizi öz diýaryňyzdan kowup çykarmadyk kimselerden olara ýagşylyk etmegiňizden we olara adalatly bolmagy- ňyzdan gaýtarmaz. Alla adalat edijileri söýer.

9. Alla diňe sizi diniňiz dogrusynda siz bilen urşan we sizi öz diýaryňyzdan kowup çykaran hem-de sizi kowup çykarmakda bir-birlerine ýardam beren kimselerden olar bilen dostlaşmakdan gaýtarar. Kimde-kim olar bilen dostlaşsa, bes, ana, şolar zalym kimseleriň özüdir.

10. Eý, möminler, haçan size (Mekge kapyrlarynyň, gol astynda galan) mömineler (mömin aýallar) hijret edip gelseler, siz olar(yň imanlaryn)y synag edip görüň (ýagny, olar öz ärlerini ýaman görüp ýa-da siziň biriňize aşyk bolup däl-de, belki, diňe dini Yslam üçin hijret edenleri hakynda size kasam içsinler). Alla olaryň (kalblaryndaky) imanlaryny (hem) örän ýagşy bilijidir. - Bes, eger siz olaryň (hakyky) möminedigini bilseňiz, onda olary kapyrlara gaýtarmaň! - Olar (mömine-mömin aýallar, kapyrlar) üçin halal däl we olar (kapyrlar mömineler) üçin halal däldir, - we olara (ýagny, siziň ýanyňyzda galan mömin aýallaryň Mekgede galan kapyr ärlerine, ine, şu aýallary üçin) sarp eden mährleryny (gaýtaryp) beriň. Haçan siz olaryň (mömin aýallaryň) ärlerine mährleryny berseňiz, size olary nikaňyza almakda birem günä ýokdur. (Şonuň dek) siz hem kapyrlaryň elinden tutmaň (ýagny, siziň hatynlaryňyz - kapyr aýal bolan ýagdaýynda kapyrlar bilen galmagy islese, siz olaryň ýollaryny bekläp, nikaňyzda saklamaň, belki, olara öýlenmekçi bolan kapyrlardan) öz sarp eden mähryňyzy talap ediň we olar hem (özleriniň nikasyndan çykan we musulmanlaryň ýanyna hijret edip giden möminelere) sarp eden mährlaryny olara öýlenmekçi bolan möminlerden talap etsinler. Bu Allanyň hökümidir. Ol siziň araňyzda höküm eder. Alla biliji we hikmet

sahybydyr.

11. Eger jübütleriňizden biri kapyrlar tarapyna ötüp giden bolsa, (emma olar şol hatyn üçin berlen mähry onuň ärine gaýtaryp bermeseler), soň siz öç alsaňyz, (ýagny, ol kapyrlar bilen urşup, ýeňiş gazansaňyz we olja alsaňyz) onda (şol oljadan) jübütleri (kapyrlar tarapa geçip) giden kişilere olaryň harçlan mukdaryny beriň! We özüňiziň iman getiren - Allaňyzdan gorkuň!

12. Eý, pygamber, haçan siziň ýanyňyza mömineler gelip, size özleriniň Allaga birem närsäni şärik etmejekdiklerine, ogurluk etmejekdiklerine, zyna etmejekdiklerine (garyplyk ýa-da masgara bolmakdan gorkup) öz çagalaryny öldürmejekdiklerine we el-aýak arasynda toslap tapan ýalany etmejekdiklerine (ýagny, perzentsizlik sebäpli, öz ärlerinden aýrylyp galmazlyk üçin bir taşlandy çagany tapyp, göýä ol el-aýaklarynyň arasyndan çykan dek, özi dogran dek ärine "Ine, şu çaga senden boldy" diýip ýalan sözlemezlige) hem-de bir ýagşy işde size etagatsyzlyk etmezlige kasam etseler, siz olaryň kasamlaryny kabul ediň we olar üçin Alladan geçirim soraň! Elbetde, Alla geçirimli, mähribandyr.

13. Eý, möminler, Allanyň gazabyna duçar bolan kowum bilen dost bolmaň! Edil barça kapyrlaryň gabyr eýelerinden (ýagny, ölüleriň gaýtadan dirilişlerinden) näumyt boluşlary dek, olaryň hem ahyretden umytlary üzülendir.

61. SAP SÜRESI

Medinede nazyl bolan bu süre on dört aýatdyr. Ol deslap Alla tagalaga tesbyh aýdylanyndan soň, möminlere beren wadalarynyň üstünde tapyl-magynyň lazymdygy aýtmak bilen başlanýar. Soňra Alla tagala Öz ýolunda sap-sap bolup göreşýän kişileri söýmegi takyklanýar we süräniň "Sap" diýip atlandyrylyşynyň sebäbi şudur. Bu sürede Musa we Isa pygamberleriň Beni Ysraýyl kowumy tarapyndan gören azar-ezetleri hem zikr edilendir. Süre möminlere Alla we Onuň, pygamberi Muhammet alaýhy-s-salama iman getirenlerinden soňky iň peýdaly amalyň Alla ýolunda malu-janlary bilen jihad etmekdigini aýdyp, olary Alla tagalanyň ýardamçylary bolmaga çygyrmak bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Asmanlardaky we Ýerdäki bar närse Allaga tesbyh aýtdy. Ol gudrat we hikmet sahybydyr.

2. Eý, möminler, siz näme üçin öz etmeýän närsäňizi (edýäris diýip) aýdýarsyňyz?!

3. Siziň öz etmeýän işiňizi (edýäris diýip) aýtmagyňyz Alla nazarynda öte ýakymsyz (işdir).

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu iki aýat aýry-aýry sahabalaryň özleriçe: "Alla tagalaga iň söýgüli bolan işi bilsedik, elbetde, şol amaly ederdik" diýip, soňra şol söýgüli amalyň Allanyň ýolunda jihad etmekdigi hakyndaky aýat hasyl bolandan soň, olaryň käbirleriniň sustkeşlik

edenlerinde, inderilendir.

4. Elbetde, Alla Öz ýolunda göýä bütewi bina dek bir hatara düzlüp, (sap-sap bolup) jihad edýänleri söýer.

5. Ýatlaň, Musa öz kowumyna: "Eý kowumym, näme üçin siz meniň Allanyň size (iberen) pygamberdigimi bileniňizden soň hem, maňa

azar berýärsiňiz?!" diýipdi. Bes, haçan ki olar (Hak ýolundan) azandan soň, Alla olaryň kalblaryny (Hidaýatdan) agdyryp goýdy. Alla pasyk-etagatsyz kowumy hidaýat etmez.

6. Ýatlaň, Merem ogly Isa: "Eý, Beni Ysraýyl, elbetde, men Allanyň size (iberen) pygamberidirin. (Men) özümden öňki Töwraty tassyklaýjy we özümden soň gelýän Ahmet atly bir pygamber hakynda hoşhabar beriji bolan ýagdaýda (iberildim)" diýipdi. Bes, haçanda "(Isa) olara (özüniň hak pygamberdigine) anyk-röwşen hüjjet-mugjyzalar getirenden soň, olar: "Bu açyk sähr" diýdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu iki aýat pygamber alaýhy-s-salamlaryň durmu-şyndan getirilen parçalar bolup, olaryň hem öz kowumlary tarapyndan ezet çekip, ýalançy hasap edilendigi beýan edilýär we munuň bilen Alla tagala Öz soňky pygamberini kapyrlar tarapyndan ýetýän azarlara öz öňki pygamberleri ýaly sabyr-takat etmäge çagyrýar. Soňky aýatdaky Ahmet - pygamberimiziň ady bolup, Muhammet sözi bilen bir özenden çykandyr. Ol uzak "Hamdy-magtanmak" kelemesi bolup, Ahmet -Perwer-digäre köp tagzym we hamdy aýdyjy manysyny bildirse, (- dünýä we ahyretde magtawa - öwgä duçar bolujy diýen mazmunda gelýär).

7. Özi Yslama çagyrylýan ýagdaýynda (ol çagyrylýan hak ýoly - dini kabul etmek ornuna) Allanyň şanyna ("Onuň perzendi bar, şärikleri hem bar" diýip, ýa-da Allanyň aýat-mugjyzalaryny "Bu sähr" diýip) ýalan ýöňkän kimseden hem zalymrak kim bar?! Alla beýle zalym kowumy hidaýat etmez!

8. Olar Allanyň nuruny (ýagny, Yslamy) agyzlary (ýagny, bimany gepleri) bilen öçürmekçi bolarlar. Alla bolsa, eger kapyrlar isleme-seler-de, Öz nuruny (ýagny, dinini) doly (her tarapa) ýaýyjydyr.

9. Ol (Alla) Öz pygamberini hidaýat we hak din bilen - eger müşrikler islemese-de - ähli dinlerden üstün etmek üçin iberen (ylahdyr).

10. Eý, möminler, size agyr azapdan najat berýän bir "mülki" görkezeýinmi?!

11.(Şol "mülk" ine, budur) - Alla we Onuň pygamberine iman getirersiňiz we Alla ýolunda malu-janyňyz bilen jihad edersiňiz. Ine, şu, eger bilseňiz, özüňiz üçin iň ýagşy (iş)dir.

12.(Eger şeýtseňiz, Alla) siziň günäleriňizi geçer hem-de sizi aşagyndan derýalar akyp durýan jennetlere we baky jennetlerdäki päkize mesgenlere girizer. Bu bolsa, uly bagtdyr.

13. We (Alla size) ýene başga siziň söýýän (bir nygmatyňyzy hem berer ki, ol) Alla tarapyn bolan ýeňiş we ýakyn(da ýüz berjek Mekge) ýeňşidir. (Eý, Muhammet), möminlere (ine, şu) hoş habary ýetiriň!

14. Eý, möminler, siz hem edil (howarylar kibi) Allanyň ýardamçylary boluň! - Merem ogly Isa howarylara: "Allaga (ýagny, Onuň dinine çagyrmagymda) kim meniň kömekçim bolar?" diýende, howarylar aýtdylar: "Biz Allanyň (dinine) ýardam berijilerdiris". Bes, Beni Ysraýyldan bir taýpa (adamlar Isaga iman getirdi we bir taýpa kapyr boldy). Bes, Biz iman getirenleri duşmanlaryndan güýçli edip, olar (kapyrlar üstünde) ýeňiji bolup galdylar.

62. JUMA SÜRESI

Bü süre hem Medine sürelerinden bolup, on bir aýatdan jemlenendir. Süre ynsany jahalat - bilimsizlik batgasyndan çykaryp, olara Gurhan taglymatyny ýetirmek üçin Muhammet alaýhy-s-salamy pygamber edip iberen Alla tagala tesbyh aýdyp, Ony ähli aýbu-nogeandan päklemek bilen başlanýar.

Şonuň dek, bu sürede özlerine bagyş edilen Töwrat görkezmelerine amal etmedik ýahudylar üstlerine kitap ýüklenen eşeklere meňzedilip, olaryň zalym kowumdygy takyklanýar. Soňra Juma namazynyň kanun-ka-dalary we sogaby beýan edilip, möminler durmuşy dünýä matalaryna berilmezden, Alla tagala huzuryndaky sogap-sylag üçin amal etmäge çagyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Asmanlardaky we Ýerdäki bar närse (ýalňyz) patyşa, (ähli aýby-nogsandan) päk, gudrat we hikmet sahyby bolan Allaga tesbyh aýdar.

2. Ol (Alla) adamlar (ýagny, kitap eýeleri bolmadyk ylymsyz kişiler) arasyna özlerinden bolan, olara (Gurhan) aýatlaryny tilewat edýän, olary (şek we jahalatdan) päkleýän olary Kitap - Gurhany we Hikmet - Hadysy öwredýän bir pygamberi (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salamy) iberen (ylahdyr). Şek-şübhesiz, olar (özlerine pygamber gelmezinden) öň, açyk zelalatdadylar.

3.*(Alla bu pygamberi) ýene olardan başgalary - olara ýetip bilmedik (indi dünýä gelýän ähli ynsalara hem iberendir). Ol gudrat we hikmet sahybydyr.*

4. Bu (ýagny, barça ynsanlara pygamber bolmak) Allanyň fazly-merhemeti bolup, (ony) Öz islän kişilerine berer. Alla beýik fazly-merhemet sahybydyr.

5. Töwrat ýüklenen - berlen, soňra ony göterip bilmedik (ýagny, onuň görkemezlerine amal etmedik) kimseler (ýahudylar) edil kitaplary göterip gelýän eşege meňzeýär (ýagny, onuň agramyndan ýadap, horlanýarlar welin, ol Kitabyň içindäki närselerden peýdalanmaýarlar). Allanyň aýatlaryny ýalan diýen kowumyň mysaly örän ýamandyr. Alla beýle zalym kowumy hidaýat etmez!

6.(Eý, Muhammet), aýdyň: "Eý, ýahudylar, eger siz (başga) adamlary däl, diňe özüňizi Allanyň dostlary diýip dawa etseňiz - eger (ine, şu dawaňyzda) rastgöý bolsaňyz - ölümi arzuw ediň-dä!"

7. Olar elleriniň (ýagny, özleriniň) eden işi (ýagny, Töwratda hak pygamberdigi zikr edilen Muhammet alaýhy-s-salamy ýalançy hasap edenleri) sebäpli, hiç haçan (ölümi) arzuw edip bilmezler. Alla zalym kimseleri bilýändir.

8. Aýdyň: "Siziň gaçýan bu ölüm(iňiz), elbetde, size ýolugar. Soňra siz gaýybu-şahadaty (ýagny, ähli gizlin we äşgäre närse-amallary) bilýän (Allaga) gaýtarylarsyňyz. Bes, Ol size edip öten amallaryňyzyň habaryny berer!"

9. Eý, möminler, haçan Juma günündäki namaza çagyrylsa (ýagny, azan aýdylsa), derrew Allanyň zikrine baryň we söwda-satygy terk ediň! Eger bilýän bolsaňyz, ine, şu (ýagny, Allanyň zikrine - Juma namazyny okamaga howlukmak) özüňiz üçin ýagşyrakdyr.

10. Indi haçan namaz eda edilenden soň, ýere ýaýrap, Allanyň fazly-merhemetinden (rysku-ruz) isläberiň. Allany köp zikr etdigiňizçe, şonça-da najat taparsyňyz.

11.(Eý, Muhammet), haçan olar bir söwdany ýa-da oýun-gülkini görseler, şoňa tarap ylgap giderler we sizi (memmerde) dik duran ýagdaýyňyzda taşlarlar.

DÜŞÜIDIRIŞ. *Rowaýat edilişiçe, bir juma gününde pygamber alaýhy-s-salam memmerde hutba-wagyz aýdyp duran wagtynda Medinä söwdagärler kerweni girip gelýär. Şonda käbir sahabalar resulyllahy memmerde galdyryp, söwda-satyg etmek üçin kerwen tarapa ylganlarynda, musulmanlara temmi bolup, işbu aýat hasyl edilýär. Aýat dowamynda dünýäniň pany matalaryndan Alla tagalanyň möminlere ahyretde bagyş edýän närseleriniň ýagşyrakdygy takyklanýar.*

Aýdyň: "Alla huzuryndaky närse (iman we ýagşy amallar üçin berilýän sogap-sylag) oýun-gülküden hem, söwdadan hem ýagşyrakdyr! Alla rysk berijileriň ýagşysydyr!

63. MUNAFYKUN SÜRESI

On bir aýatdan ybarat bolan bu süre Medinede hasyl edilendir."Munafykun" - "Mynapyklar" diýip at alan bu süre olaryň mekir-hile etmişlerini - ýaramaz ahlaklaryny, pes sypatlaryny, dilleri bilen kalblarynyň başga-başgadygyny we ahyry, olaryň üstlerine Yslam donuny geýip, adamlary Yslamdan sowuşlaryny paş edýär.

Süräniň soňunda möminler dünýä zynatlaryna aldanyp galmazlyga we başlaryna ölüm gelmezinden öňürti Alla tagalanyň olara bagyş eden närselerinden haýyr-yhsan etmäge buýrulýar. "Mynapyk" - "ikiýüzli, ýüzgörüji" diýmekdir.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet), haçan mynapyklar siziň ýanyňyza gelseler: "Güwälik berýäris ki, siz, şek-şübhesiz, Allanyň pygamberisiňiz" diýerler. Alla, hakykatdan hem, siziň Öz pygamberi- digiňizi biler, ýene Alla ol mynapyklaryň, şek-şübhesiz, ýalançydyklaryna hem güwälik berer.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, mynapyklar Muhammet alaýhy-s-salamyň hak pygamberdigine çyn kalbdan iman getiren däldirler, belki, diňe dillerinde güwälik berdiler, diýmek, güwälikleri ýalan güwälikdir.

2. Olar özleriniň (musulmandyklary hakynda içen ýalan) kasamlaryny galkan edinip, (adamlary) Allanyň ýolundan sowdular! Olaryň eden (bu) amallary örän ýamandyr!

3. Muňa sebäp, olaryň (dillerinde) iman getirip, soňra (kalblarynda) kapyr bolan- dyklarydyr. Bes, olaryň kalblary möhürläp goýuldy. Indi olar (imanyň hakykatyny) aňlap bilmezler!

4. Haçan siz olara baksaňyz, olaryň jisimleri (görnüşleri, geýen geýimleri) sizi geň galdyrar, sözlänlerinde bolsa, sözlerine (heňdar,

mylaýym bolany üçin berlip) gulak asarsyňyz. (Ýöne olaryň kalblary iman we ýagşylykdan bihabar bolany üçin) olar göýä (diwara) söýäp goýlan (çüýrük) agaçlara meňzeýärler. Olar (ýüreksizlikleri sebäpli) her bir gykylyk-owazy üstlerine (düşýän bir bela-apat diýip) güman edýärler. Olar duşmanlardyr. Bes, olardan ätiýaçly boluň! Olary Alla nälgtlegeý! Gör, nähili azaşýarlar?!

5. Haçan olara: "Geliň, Allanyň pygamberi siz üçin magrypat sorar" diýilse, elbetde, olar başlaryny sowup giderler we olaryň men-menlik edip, ýüz dönderişlerini görersiňiz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu we aşakdaky aýatlar mynapyklar başlygy Ablullah ibn Salul hakynda hasyl bolandyr. Waka şeýle bolan; Pygamber alaýhy-s-salam sahabalary bilen Banul-Mustalah tiresine garşy jeň edip, ýeňiş gazananlaryndan soň, Medinä dolanyp gelýärkäler, bir mynapyk kimse muhajyr - mynasyp musulmanlardan biri bilen suw üstünde dawalaşýarlar. Şu wagt şol ýerde bolan Abdullah ibn Salul ýaňky muhajyr we umuman, bütin muhajyrlar hakda ýaman sözler aýdyp, olary ykarat edýär we öz kowumyna garap: "Bu gelmişeklere (ýagny, muhajyrlara) ýardam we haýyr-sahawat etmäň, goý, olar Muhammedi taşlap, öz ýurtlaryna gaýdyp gitsinler. Häli Medinä gaýdanymyzda, elbetde, güýçlüler (ýagny, biz) güýçsüzleri (ýagny, musulmanlary) Medineden kowup çykararys" diýýär. Emma soňrak, pygamber alaýhy-s-salam bu wakadan habardar bolandan soň, ondan: "Sen şu gepleri aýtdyňmy?" diýip soranda bolsa, ol kasam içip, aýdan sözlerinden dänýär we ýalan kasamy galkan edinýär. Indi, ol we onuň tabakdaşlary hakynda aýatlar hasyl bolandan soň, käbir kişiler oňa: "Eý, Abdullah, seniň hususyňda gaty aýatlar düşdi, sen resulullahyň huzuryna baryp, üzür - geçirim soragyn, ol kişi seniň günäleriňi magrypat etmegini sorap, Alla tagalaga doga etsin, belki, Alla magrypat eder" diýenlerinde, ol mundan ýüz öwürýär we: "Siz iman getir diýdiňiz, iman getirdim, malyňy, zekatyňy ber diýdiňiz, zekat berdim, indi bir kemim, baryp Muhammede etagat etmek galypdy" diýip jogap berýär. Şonda ýokardaky aýat hasyl bolýar we nobatdaky aýatda bolsa, onuň ýaly mynapyk kimseler hakynda edilen hiç hili doga-dilegiň ejabat -kabul bolmaýandygy aýdylýar.

6. (Eý, Muhammet), siz olar üçin magrypat soradyňyzmy, ýa-da magrypat soramadyňyzmy olara barybirdir - Alla olary hergiz magrypat etmez!

Elbetde, Alla beýle pasyk-etagatsyz kowumy hidaýat etmez!

7. Olar (özleriniň tabynlaryna): "Allanyň pygamberi huzuryndaky kişilere haýyr-yhsan etmäň, goý, olar dargaşyp gitsinler" diýýän kimselerdir. Elbetde, asmanlar we Ýer hazynalary ýalňyz Allanyňkydyr. Ýöne mynapyklar (muny) aňlamazlar.

8. Olar: "Kasam ki, eger Medinä gaýtsak, elbetde, güýçlüler güýçsüzleri ondan kowup çykarar" diýerler. Bilmeýärler, güýç-gudrat Allanyňky, Onuň pygamberiniňki we möminleriňkidir. Emma mynapyklar (muny) bilmezler.

9. Eý, möminler, ne mal-dünýäleriňiz we ne bala-çagalaryňyz sizi Allanyň zikrinden (ýagny, Allaga ybadat etmekden) ýüz öwürdip goýmasyn! Kimde-kim şeýtse, bes, ana, şolar zyýan görjek kimselerdir!

10. Siziň (her) biriňize ölüm gelip, ol: "Perwerdigärim, meni azajyk mütdet (durmuşda) galdyrsaň, men haýyr-sadaka edip, salyh (bende)lerden bolsam" diýip galmazdan öň - Biziň size rysk edip beren närselerimizden haýyr-yhsan ediň!

11. Alla bir jany hem ajal gelen wagtynda (wepat etdirmän) galdyrmaz. Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

64. TAGABUN SÜRESI

Bü süre Medinede hasyl edilen bolup, on sekiz aýatdyr. Süre Alla tagalanyň ylahyý gudratyna delalat edýän aýatlar bilen başlanyp, soňra öň geçen dinsiz kimseleriň tapan akybetleri we olaryň ahyretde giriftar boljak agyr azaplary hakynda habar berýär. Bu sürede ölümden soň gaýtadan diriliş Gününiň bardygyny inkär eden kapyrlaryň dawalary kesgin ret edilip, Perwerdigäri älemiň adyna kasam bilen ol Günüň hakdygy takyklanýar we ony "Tagabun", ýagny "Birek-biregi aldamak - zyýan ýetirmek Güni" diýip atlandyrýar. Çünki, bu dünýäde möminleri aldap, olara zyýan ýetirmek hereketinde ýören kapyrlar ol Günde dowzaha giriftar edilmek bilen, özleriniň zyýan çekendigini, aldanandygyny bilip, hasrat-nedamat çekerler, möminler bolsa, ol Günde jennet nygmatlaryna ýetip, durmuşy dünýäde kapyrlaryň, was-wasyna - aldawyna uçramandyklary üçin uly peýda görendiklerini bilerler. Süräniň ahyrynda möminlere tapan mal-mülkleriniň, we bala-çagalarynyň olar üçin diňe bir synagdygy aýdylyp, olar ellerinden geldigiçe takwalykda ýaşamaga we Alla ýolunda biçäre-misginlere haýyr-yhsan etmäge çagyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Asmanlardaky we Ýerdäki bar närse Alla tesbyh aýdar. Eýelik Patyşalyk ýalňyz Onuňkydyr we hamdy-sena ýalňyz Onuň üçindir. Ol ähli närsä kadyrdyr.

2. Ol sizi ýaradan zatdyr. bes, siziň (käbirleriňiz) kapyr, siziň (käbirleriňiz) mömindir. Alla edýän amallaryňyzy görüp durýandyr.

3. Ol asmanlar we Ýeri hak (kanun) bilen ýaratdy we size surat-şekil berdi - görküňizi gözel etdi. Ýalňyz Oňa gaýtmak bardyr.

4. Ol asmanlar we Ýerdäki bar närsäni biler we Ol siziň ýaşyrýan Närsäňizi hem, äşgär edýän närsäňizi hem biler. Alla kalblardaky

syrlary bilýändir.

5.(Eý, Mekge kapyrlary), size owalky kapyr bolup, soň (durmuşy Dünýäde wagtynyň özünde), öz işleriniň zyýanyny dadan kimseleriň habary gelmedimi? Ýene olar üçin (ahyretdäki) agyr azap hem bardyr.

6. Muňa sebäp, olara pygamberleri (özleriniň hak pygamberdiklerini bildirýän) hüjjetler bilen gelenlerinde, olaryň: "Bizi (özümiz ýaly) beşer (öwlatlary) hidaýat ederlermi?!" diýişip, (ol pygamberlere) kapyr bolandyklary we (imandan) ýüz dönderip giden- dikleridir. (Şonda) Alla (olary heläk etmek bilen Özüniň olaryň imanlaryndan) bihajatdygyny görkezdi. Alla bihajat we hamdy-sena laýyk zatdyr.

7. Kapyr bolan kimseler özleriniň hiç haçan gaýtadan diril-mejeklerini güman - dawa etdiler. (Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "Ýok! Perwerdigärime kasam ki, elbetde, gaýtadan dirilersiňiz, soňra, elbetde, size eden amallaryňyzyň habary berler. Bu Allaga aňsatdyr".

8. Bes, siz Allaga, Onuň pygamberine we Biziň inderen Nurumyz Gurhana iman getiriň! Alla edýän amallaryňyzdan habardardyr.

9.(Allanyň) sizi toplaýan toplanyş Gününi (ýatlaň)! Bu (adamlaryň) bir-birlerini "aldap, zyýan ýetirýän" Günidür (ýagny, durmuşy dünýäde iman eýelerini aldap, zyýan ýetirip ýören kapyrlar ol Günde dowzah azabyna duçar edilmek bilen, özleriniň aldanan kimselerdigini bilerler). Kim Allaga iman getirse we ýagşy amal etse, (Alla) onuň, ýamanlyk-günälerini öçürer we ony aşagyndan derýalar akyp durýan, (ähli jennet iliniň) ebedi - abat durýan jennetlerine girizer. Bu bolsa, uly bagtdyr.

10. Kapyr bolan we biziň aýatlarymyzy ýalan diýen kimseler - ana, şolar dowzah eýeleri bolup, şol jaýda baky galarlar. Şeýle ýaman akybet (bu)!

11.(Bir kimsä-de) bir bela-da ýetmez, meger (diňe) Allanyň idini-eradasy bilen (ýeter). Kim Allaga iman getirse, Ol onuň kalbyny (Dogry ýola) hidaýat eder. Alla - ähli närsäni bilijidir.

12. Allaga etagat ediň we pygambere boýun synyň! Indi eger (etagatdan) el çekseňiz, onda (biliň ki), pygamberimiziň borjunda diňe (Biziň wahyýlarymyzy size) açyk-röwşen edip ýetirmek bar, bolany.

13. Alla(dan özge) hiç hili ylah ýok, diňe Onuň Özi bardyr. Bes, möminler, ýalňyz Allaga töwekgel etsinler - söýensinler!

14. Eý, möminler, elbetde, jübütleriňiziň we çagalaryňyzyň size duşman bolanlary hem bardyr. Bes, olardan ätiýaçly boluň! Eger siz olary bagyşlasaňyz, geçirseňiz we magrypat etseňiz, onda, elbetde, Alla magrypatly, mähribandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat edilişiçe, Mekgs ilinden bir topar kişiler Yslamy kabul edip, soňra pygamber huzuryna - Medinä hijret etmekçi bolanlarynda, olaryň dinsiz bolan hatynlary we bala-çagalary bu niýetlerinden çekilip: "Yslama girenleriňize sabyr etdik, emma bizi taşlap, hijret etmegiňize çydap bilmeris" diýen eken. Şonda olar bu gep bilen razylaşyp, Mekgede galýarlar we aradan ençe zaman geçip, Medinä gelenlerinde bolsa, bu ýerdäki musulmanlaryň dini bilimlere pugta eýe bolanlaryny görüp, öň özleriniň ýollaryny saklan aýallaryndan, bala-ça-galaryndan öç almakçy bolanlarynda, ýokardaky aýat hasyl bolandyr. Teswirçileriň aýdyşlaryça, işbu aýaty Kerim Alla tagalaga tagat-ybadat etmekden saklanýan hatynlaryň we çagalarynyň sözlerine gidýän ähli kişiler üçin temmidir.

15. Siziň mal-mülkleriňiz we bala-çagalaryňyz diňe bir pitne-synagdyr, bolany. Uly sogap-sylag bolsa, ýalňyz Allanyň huzurundadyr.

16. Bes, güýjüňiziň ýetdigiçe Alladan gorkuň, (özüňize edilýän pent-nesihatlara) gulak salyň we etagat ediň hem-de haýyr-yhsan

ediň, (ine, şu) özüňiz üçin ýagşyrak bolar. Kim öz nebsiniň bahyllygyndan saklanyp bilse, bes, ana, şolar najat taparlar.

17. Eger siz Allaga karzy-esen berseňiz, (ýagny, Onuň misgin-biçäre bendelerine haýyr-yhsan etseňiz), Ol size birnäçe esse edip gaýtarar we sizi(ň günäňizi) magrypat eder. Alla öte şükür ediji (ýagny, azajyk ýagşy amal üçinem köp sylag bagyş ediji) we helimdir.

18.*(Ol) gaýybu-şahadaty (ýagny, ähli gizlin we äşgär işleri) biliji, gudrat we hikmet sahybydyr.*

65. TALAK SÜRESI

Bu sure on iki aýatdan ybarat bolup, Medinede hasyl edilen. Onda söz, esasan, maşgala hal-ahwalyna degişli şerigat hökümlerinden talak we onuň kada-kanunlary hakynda barýar. Şonuň üçin ol "Talak süresi" diýip atlandyrylandyr. Ýene bu sürede ydda we onuň düzgüni hem-de yddadaky aýaly jaý we zerur pul, emläk bilen üpjün etmek tertibi hem beýan edilýär. Süre dowamynda äre ýa aýala zulum bolmazlygy üçin bada-bat Alladan gorkmaga çagyrylýar. Süre Gurhany Kerimiň inderilmeginden we Muhammet alaýhy-s-salamyň pygamber edilip iberilmeginden maksat: möminleri jahalat zulmatlaryndan iman nuruna alyp çykmakdygyny takyklamak hem-de ýedi asmany, ýedi zemini ýaradan Alla tagalanyň barça närsäni bilip, synlap durandygyny düşündirmek bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Eý, pygamber, haçan siz (ýagny, möminler) aýallaryňyzy talak etseňiz, olaryň yddalarynda (ýagny, päklik wagtlarynda) talak ediň we ydda saklaň! Perwerdigäriňiz Alladan gorkuň! (Tä yddalary gutarýança) olary (öz ýaşap oturan) öýünden kowup çykarmaň we olaryň özleri hem çykyp gitmesinler. Diňe olar açyk fahş işi (bozukluk ýa-da bihaýalyk kibi galyklary) etseler, (onda ýaşap oturan öýlerinden kowup çykarylarlar). Bu Allanyň kanun-araçäkleridir. Kim ki Alla araçäklerinden ýowuzlyk edip geçse, anyk ki, ol özüne zulum edipdir. Siz bilmersiňiz, belkem, Alla bu (talak)dan soň bir işi peýda eder.

DÜŞÜNDIRIŞ. Sygyr süresiniň 228-nji aýatynda aýdylşy ýaly, talak edilen aýallar üç haýz (aýbaşy) mütdetinde ydda saklap, özleriniň göwreli bolandygyny ýa bolmandygyny synlaýarlar. Eger bir aýal aýbaşy görmek wagtynda talak edilse, ine, şu aýbaşydan başga ýene üç aýbaşy ydda saklamaly bolýar ki, bu bolsa, şol aýala zulum etmek diýmekdir. Çünki ol

ydda mütdeti gutarmagy bilen başga är bilen durmuş gurmak hukugyna eýe. Bu halatda bolsa, talak edilen aýal ýene artykmaç bir aýbaşy ydda saklamaga mejbur bolýar. Umuman, maşgalasyz erkekleriň we aýallaryň köpelmegi jemgyýetde bozukluk we näpäkligiň öwç alyşyna sebäp bolany üçin Yslam dini maşgalalaryň bozlup gitmegine mümkin boldugyça ýol bermezlige, bozlan çagda bolsa, alajy barka, tizräk ýaraşmaga ýa-da başga durmuş gurmaga çagyrýar. Şonuň üçin ýokardaky aýatda talak etjekler hatynlaryny ydda saklaýan päklik wagtlarynda talak etmäge hem-de yddany anyk hasap-hesip boýunça alyp barmaga buýruldy. Işbu permanyň ýene bir hikmeti, aýal adam aýbaşy görýän wagtynda, endige görä, äri oňa päklik wagtyndaky ýaly gyzyklanmaýar, şunlukda ondan aýrylyşmak hem är üçin beýle bir kyn iş däl ýaly duýulýar. Şu sebäpdgn, Gurhan erkeklere, olar eger aýallaryndan aýrylyşmakçy bolsalar, onda aýallaryny päk ýüksüz-göwreli däl bolan wagtlarynda talak etmegiň mümkindigini bildirýär. Mundan daşgary, işbu aýatda talak edilen aýallary, eger olar bozuklyk, bihaýalyk etmese, tä ydda mütdetleri gutarýança, äriň öýünden çykaryp goýbermegiň dürs däldigi beýan edildi. Bu hökümden maksat: birinjiden, ydda saklaýan aýala, ine, şu ydda mütdeti wagtynda talak eden äriniň golastyndadygyny, ýagny, başga är bilen nikalaşmagyň dürs däldigini bildirmek bolsa, ikinjiden, eger ol aýal üç talak edilmezden bir ýa-da iki talak edilen bolsa, gazap üstünde talak edip goýberen äriniň her gün ony görüp duranlygy sebäpli, mähir gözde diýilişi ýaly, ýene oňa maýyl bolup, är-aýalyň gaýtadan ýaraşyp gitmeginiň hem aňsatlaşmagydyr. Şonuň üçin hem aýatyň soňunda "Siz bilmersiňiz, belkem, Alla bu talakdan soň bir işi peýda eder" diýilýär.

2. Indi haçan (talak eden aýallaryňyzyň ydda) mütdetleri dolsa, bes, olary ýagşylyk bilen alyp galyň (ýagny, gaýtadan nikalaşyň) ýa-da ýagşylyk bilen (ýagny, hakyny-mahryny berip) aýrylyşyň. We (ýaraşyp, ony alyp galýan wagtyňyz ýa-da aýrylyşyp gidýän çagyňyz) özüňizden (ýagny, musulmanlardan) bolan iki adalatly kişini güwä ediň we (güwä bolýanlar), güwäligi Alla üçin doly eda ediň! Mundan (bu hökümden) diňe Allaga we ahyret Gününe iman getirýän adam pent-ybrat alar. Kim Alladan gorksa, (ýokarda aýdylan talak etmek kanun-kadalaryna Alladan gorkany üçin dogry

amal etse) Ol onuň üçin (.ähli-gam-külpetlerden) çykmak ýoluny (peýda) eder.

3. We oňa öz oslamadyk tarapyndan rysk berer. Kim Allaga töwekgel etse, bes, (Allanyň) Özi oňa ýeterlikdir. Elbetde, Alla Öz (islän) işine edýändir. (Onuň islegine garşy durjak kimse ýokdur). Hakykatdan, Alla ähli närse üçin mukdar-ölçeg edip goýandyr (ýagny, durmuşda ýüze çykýan her bir ýagşy-ýaman waka-hadysa ýalňyz Allanyň islän-belgilän wagtynda we ölçeginde ýüze çykýar).

4. Aýallaryňyz arasyndaky (garrap galany sebäpli) aýbaşy görmekden umyt üzenleri, eger siz (olaryň yddalarynyň näçe dowam edýändigi dogrusynda) şübhelenseňiz, bes, (biliň ki), olaryň yddalary üç aýdyr, ýene (häli-heniz) aýbaşy görmedik (aýallar)yň (yddalary hem üç aýdyr). Hamyladar (aýal)laryň (ydda) mütdetleri çaga dogurmakdyr. Kim Alladan gorksa (Alla) onuň işini aňsat eder.

5. Bu Allanyň size inderen hökümidir. Kim Alladan gorksa, onuň ýamanlygyny - günälerini öçürer we onuň sogap-sylagyny köp eder.

6. Olara (ýagny, talak edilip, ydda saklaýan aýallaryňyza) öz mesgen tutan, güýjüňiziň ýetýän ýerinden mesgen beriň we olary (ýaşap oturan jaýlaryndan) gysyp çykarmak üçin olara zyýan ýetirmäň. Eger olar göwreli bolsalar, onda tä çaga doguryançalar olara hak berip duruň! Indi eger (talak eden aýallaryňyz) siz üçin (çaga) emdirseler, (sizden bolan öz çagalaryny emdirseler), onda olaryň (emdirenleri üçin) hak-heşdeklerini beriň! We (emdirmek hem-de onuň haky dogrusynda) özara ýagşylyk bilen düşünişiň! Eger (ylalaşyp bilmän) agyr hala düşseňiz, onda (ata) üçin (çagasyny) başga (bir aýal) emdirer. (Ýagny, ata çagasyny başga-bigäne, özge bir aýala emdirder).

7. Baý-döwletli kişi öz baýlygyndan (ýagny, baýlygyna ýaraşan) hak bersin! Kimiň rysky agyr (ýeter-ýetmez) edilen (garyp) bolsa, onda Allanyň özüne bagyş eden närsesinden (ýagny, öz halyna görä) hak (töleg) bersin! Alla hiç bir jany Özüniň oňa bagyş eden (rysk-ruzyn)dan başga närsä teklip etmez (ýagny, her bir ynsan diňe Allanyň özüne bagyş eden ryskyndan haýyr-yhsan almaga teklip ediler). Alla ýetmezçilik -garyplykdan soň, ýeňillik - baýlyk hem (peýda) eder.

8. Näçe-näçe oba-şäherler bar ki, öz Perwerdigäriniň we Onuň pygamberleriniň emrinden el çekendirler, bes, Biz olardan gaty berk hasap sorandyrys we ýaman azap bilen azaplandyrys.

9. Bes, ol (oba-şäherleriň ili) öz işiniň-kylmyşlarynyň zyýanyny datdylar we bu işleriniň akybeti zyýan çekmek, bagtsyzlyk boldy.

10. Alla olar üçin (ahyretde hem) gaty azaby taýýarlap goýandyr. Bes, eý, iman getiren akyl eýeleri, Alladan gorkuň! Derwaka, Ol size Ýatlatma -Gurhany inderdi.

11. Iman getiren we ýagşy amallar edenleri tümlüklerden nura çykarmak üçin size Allanyň açyk-röwşen aýatlaryny tilewat edýän pygamberi (Muhammet alaýhy-s-salamy iberdi). Kim Allaga iman getirse we ýagşy amal etse, (Alla) ony aşagyndan derýalar akyp durýan, olaryň ebedi abat galýan - jennetlerine girizer. Hakykatdan, Alla onuň üçin gözel rysk (jennetiň gutarmaz ryskyny bagyş) etdi.

12. Alla ýedi asmany we Ýerden hem şolaryň mislini (ýagny, ýedi gat ýeri) ýaradan zatdyr. (Allanyň) emri-permany olaryň (ýagny, ýedi gat asman we ýedi gat Ýeriň) ortasyna inderilip - ýaýradylyp durar. Täki siz Allanyň barça närsä kadyrdygyny we Allanyň barça zady (Öz) bilimi bilen ýaradandygyny bilmegiňiz üçin (Ol size ýokarda zikr edilen närseler hakynda habar berdi).

66. TAHRYM SÜRESI

On iki aýatdan jemlenen bu süre hem Medinede hasyl bolan. "Tahrym" "Haram etmek" diýip atlandyrylan bu süre halal närsäni özüne haram eden pygamber alaýhy-s-salama temmi bermek bilen başlanýar. Soňra onuň bilen maşgalasynyň arasynda bolup geçen käbir wakalar-hadysalar hakynda hekaýat edilýär we şonuň bilen musulmanlara är bilen aýalyň maşgalada tutmagy zerur bolan orny-borjy hem-de olaryň arasyndaky tutulmagy hökman bolan käbir tertip-düzgünler öwredilýär. Süräniň dowamynda möminler özlerini we maşgalasyny dowzaha duçar edýän günälerden saklamaga hem-de toba-tagsyr etmäge gaýta-gaýta çagyrylýar. Süre möminler (Nuh we Lut pygamberleriň) garamagyndaky kapyrlar we kapyr kimse (Firawun) golastyndaky mömine aýal we Imranyň gyzy Merem hakyndaky iki ybratly mysal bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Eý, pygamber, näme üçin siz jübütleriňiziň razylygyny isläp, Allanyň siziň üçin halal eden zadyny haram etdiňiz?! Alla magrypatly, mähribandyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty Kerimiň hasyl boluşynyň sebäbi hakynda birnäçe rowaýatlar döräp, olardan biri "Sahihul Buharyýyda getirilen aşakdaky rowaýatdyr: Pygamber alaýhy-s-salam jübüti halaly Zeýnep binti Jahşyň (Alla ondan razy bolsun) otagynda dynç alyp, onuň guýup beren bal şerbetinden içip oturan eken: başga aýallary Aýşa we Hafsa enelerimiziň, Alla olardan razy bolsun, gaharlary gelip, pygamber alaýhy-s-salam bu ýerden çykyp, haýsy birimiziň ýanymyza girse "Magafiýr (özi lezzetli, emma, sarymsaga meňzeş ýakymsyz tagam) iýdiňizmi?" diýeris diýip, dilleşýärler we resulyllah ýanlaryna gireninde, ikisem şol bir sözi aýdýarlar. Şonda her hili ýakymsyz ysy ýaman görýän pygamberimiz: "Ýok, men diňe Zeýnebiň ýanynda bal şerbetini içipdim" diýip, bal iýmezlige kasam edende, ýekardaky aýat hasyl bolýar.

2. Derwaka, Alla siz üçin (mälim mukdarda keffarat-öwez töläp) kasamyňyzdan gutulyp çykmagy buýrandyr. Alla eýäňizdir. Ol bilijidir we hikmet sahybydyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda Alla tagala pygamberimizi we onuň, barça ymmatlaryny ýerliksiz içilen kasamlaryndan keffarat-öwez töläp gutulmaga buýrýandyr. Kasamyň keffaraty hakynda Supra süresiniň 89-njy aýatynda doly aýdylandyr.

3. Pygamber jübütleriniň birine (ýagny, Hafsa) bir pynhan sözi aýdanyny ýatlaň! Indi haçan ki (Hafsa) ol (syr) hakynda (Aýşa) habar berenden soň we Alla (Jebraýyl perişde arkaly pygamberi Hafsanyň kylmyşyndan) wakyp (habardar) edenden soň, ol (Hafsa öz şaýat bolan wakasynyň) käbirini aýtdy we käbirini aýtmakdan ýüz dönderdi. Bes, haçan ki, (pygamber Hafsa özi wakyp bolan närsäniň käbiri hakynda) habar berenden soň, ol: "Kim size bu habary berdi?" diýipdi, (pygamber): "Maňa biliji we habardar habar berdi" diýdi.

4.(Eý, Hafsa, Aýşa), eger siz (bu kylmyşlaryňyz üçin) Alla toba etseňiz, (özüňize ýagşy bolar). Çünki, siziň kalblaryňyz (hak ýoldan) taýyp gitdi! (Emma) eger siz (pygamberiň) zyýanyna (ýagny, onuň bilen aýallarynyň arasyny bozýan işlerde) bir-birleriňize ýardam berseňiz, onda, şek-şübhesiz, Allanyň özi hem, Jebraýyl hem, barça salyh möminler hem onuň medetkärleridir. Ýene, bulardan hem başga perişdeler hem (pygambere) ýardamçydyr.

5. Belkem, Perwerdigäri - eger ol sizi talak etse - oňa sizden ýagşyrak jübütleri - muslyma, mömine, (Alla we onuň pygamberine) etagat ediji, toba-tagsyrly abyda (mydam Allanyň ýoluna) gidiji juwan (dul aýal) we gyzlary çalşyryp berer.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda Alla tagala pygamber alaýhy-s-salamyň aýallaryna ybratly pent-nesihat edip, olary resulyllah bilen bile geçýän sagadatly durmuşlarynyň gadryny bilmäge çagyrandan soň, aşakdaky aýatlarda ähli möminlere ýüzlenýär.

6. Eý, möminler, siz özüňizi we maşgalaňyzy - oduny adamlar we daşlar bolan dowzahdan saklaň, ol (dowzah) üstünde gaty kalbly we gaty elli, Allanyň özlerine buýran närsesine etagatsyzlyk etmeýän, diňe özlerine buýrulan işi edýän perişdeler durar.

7.*(Kapyrlar dowzaha girizilende, olara aýdylar): "Eý, kapyrlar bu gün üzür aýtjak bolup azara galmaň, (çünki, indi her hili üzür-bahana bipeýdadyr)! Siz diňe öz edip öten amallaryňyz bilen jezalandyrylýansyňyz!*

8. Eý, möminler, Alla yhlasly toba ediň, şaýat ki, Perwerdigäriňiz siziň ýamanlyklaryňyzy-günäleriňizi öçürip, astyndan derýalar akyp durýan jennetlere girizer. Ol Günde Alla pygamberi we onuň bilen bile iman getirenleri şermende etmez. Olaryň nury öňlerinde we sag taraplarynda ýörer. Olar: "Perwerdigär-ä, Özüň bize nurumyzy kemally edip bergin we bizi magrypat etgin. Elbetde, Sen barça zada kadyrsyň diýerler.

9. Eý, pygamber, siz kapyrlara we mynapyklara garşy göreşiň we olara berk daraň! Olaryň jaýlary jähennemdir! Şeýle ýaman akybet bu!

10. Allaga kapyr bolan kimseler (we olary möminler bilen bile ömür sürmeginiň hem Allanyň azabyndan gutaryp bilmezligi) hakynda Nuhuň aýaly we Lutuň aýalyny mysal getirdi. Ol ikisi Bnziň bendelerimizden iki salyh bendäniň golastyndadylar. Bes, o(aýal)lar (Nuh)a we (Lut)a hyýanat edipdiler. (Nuh we Lut) Alla(nyň azabyn)dan bir närsäni hem ol ikisinden aýryp bilmediler we (olara): "Girýänler bilen bile dowzaha giriň!" diýildi.

11. Alla iman getirenler (we olaryň özleri hakyky mömin bolsalar, ýakyn adamlarynyň kapyr bolmagynyň olara zyýan etmeýändigi) hakynda Firawunyň aýalyny mysal getirdi. Şonda (ýagny, Firawun ol aýalyň Musa pygambere iman getirenini bilenden soň, azap beren

çagynda) ol: "Perwerdigärim Özüň meniň üçin huzuryňda - jennetden bir öý bina etgin, maňa Firawun we onuň etmişinden najat bergin we maňa bu zalym kowumdan najat bergin" diýdi.

12. Ýene (iman getirenler hakynda) öz namysynyny saklan aýaly - Imranyň gyzy Meremi (mysal getirdi). Bes, Biz Öz tarapymyzdan bolan ruhy oňa üfledik (we ol Isaga hamyladar boldy). Ol Perwerdigäriniň sözlerini we kitaplaryny tassyk etdi hem-de (Allanyň emrine) etagat edýänlerden boldy.

67. MÜLK SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen bolup, otuz aýatdan jemlenendir. Süre bütin älemler mülküniň patyşalygy Öz elinde bolan Alla tagalanyň çäksiz beýik-bereketlidigini tassyklamak bilen başlanýar. Şu sebäpden, ol "Mülk süresi" dipip atlandyrylandyr, Käbir neşirlerde ony "Tebärek süresi" diýip hem atlandyrýarlar.

Bu sürede Alla tagalanyň ölüm we ýaşaýyş nygmatlaryny näme üçin ýaradandygy hem-de Onuň ýedi gat asmany we ondaky möwjudaty nähili takyk hikmet-tertip bilen ýaradandygy beýan edilen aýatlar bilen bir hatarda ahyret hakynda we ol Günde kapyrlaryň duçar bolýan azaby hem-de olaryň çekýän bipeýda efsun-nedamatlary dogrusynda habar berýän aýatlar hem bardyr. Soňra Ýeru-asmandaky Alla tagalanyň ylahyý gudratyna delalat edip duran dürli-dümen aýat-alamatlar teswirlenýär hem-de kapyr we mömin hakynda ybratly mysallar getirilip, barça ynsanlar Alla tagalany razy edýän Dogry Ýoly tutmaga çagyrylýar. Işbu süräniň manysy esasynda birnäçe hadyslar rowaýat edilen bolup, olardan biri ymam Termiziniň rowaýat eden, ine, bu hadysy-şeribidir: Pygamber alaýhy-s-salam aýtdy: "Hakykatdan, Allanyň Kitabynda özi otuz aýatdan ybarat bolan bir süre bar ki, ol (şol süräni okap, amal edip ýeren) kişini şepagat eder we hatda Kyýamat günüde ony dowzahdan çykaryp, jennete girizer. Ol Tebärek süresidir".

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Barça älemler) mülki - patyşalygy Öz elinde bolan - Alla bereketli beýikdir. Ol hemme närsä kadyrdyr.

2.(Eý, ynsanlar, Ol) siziň haýsylaryňyzyň gözel - ýagşy amal edýändigiňizi synag etmek üçin ölüm we ýaşaýyş ýaradan (zatdyr). Ol gudratly we geçirimlidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Diýmek, Alla tagala her bir ynsanyň, ine, şu durmuşy dünýäde edip ötýän amallaryny synap, ahyretde şol amala görä sylag-jeza

bermek üçin ölümi we ýaşaýyşy ýaradan eken. Işbu aýaty Kerimde ölüm sözüniň ýaşaýyş sözüniň yzyndan getirilmegine sebäp, ölüm kelemesiniň mazmunynyň ýaşaýyş kelemesiniň manysyndan tereňligidir. Çünki, ýaşaýyş sözi şu ötegçi dünýäde ýaşamagyň başlanyşyny bildirse, ölüm sözi ahyret diýaryndaky baky durmuşyň ebedi ýaşaýyşyň başlan-magyny aňladýar. Diýmek, ölüm ýüzleý garaňda, ýaşaýyşyň soňy bolup görünse-de, aslynda ol baky durmuşyň başlanyşydyr, Bu dogrusynda pygamber alaýhy-s-salam şeýle diýen: "Janym elinde bolan zada - Allaga kasam ki, siz meniň sözlerimi olardan (ölülerden) ýagşy aňlaýan dälsiňiz. Olar diňe jogap berip bilmeýärler, bolany".

3.(Ol) ýedi asmany gatma-gat ýaradan zatdyr ki, siz Ol Rahmanyň (Mähribanyň) ýaradyşynda bir tapawut-nogsany görmersiňiz. Hany indi gözüňizi ýene (göge) gaýtadan aýlaň, (olarda) bir husur, jaýryk görermikäňiz?

4. Soňra gözüňizi (göge) gaýta-gaýta gezdiriň, gözüňiz size ýadap ysgyndan gaçan ýagdaýda gaýdar (emma Alla tagalanyň ýaradan asmanlaryndan birem aýby-nogsan tapyp bilmez).

5. Hakykatdan, Biz iň ýakyn asmany çyraglar (ýyldyzlar) bilen bezedik, we olary şeýtanlara atylýan daşlar edip goýduk. Biz olar (şeýtanlar) üçin (ahyretdäki) dowzahy - ot azabyny hem taýýarlap goýandyrys.

6. Perwerdigärine kapyr bolan kimseler üçin jähennem azaby bardyr. Şeýle ýaman akybet bu!

7. Haçan olar (jähenneme) taşlananlarynda, gaýnap duran (jähen-nemiň edil eşegiň aňňyryşy ýaly) bir bögürik perýadyny eşiderler.

8. Ol (dowzah) gazapdan bölünip, set para bolup gitjek bolar. Her haçan oňa bir topar (kapyr) taşlananynda, onuň goragçylary olardan (kapyrlardan): "Size (durmuşy dünýäde) birem ägählendiriji – pygamber gelmänmidi?" diýip soranlarynda;

9. Olar diýerler: "Hawa, hakykatdan hem, bize ägählendiriji gelipdi, (ýöne biz ony) ýalançy hasap edendiris we: "Alla (hiç kime) hiç närse inderen däldir, siz diňe uly zelalatda, gümralykdasyňyz" diýendiris".

10. Olar (kapyrlar) ýene: "Eger biz (duýduryjy pygamberiň sözlerini) diňläp, akyl ýörediji bolanymyzda, dowzah eýeleri hatarynda bolmazdyk" diýerler.

11. Ine, olar öz günälerini boýun aldylar! Indi ol dowzah eýelerine heläket bolgaý!

12. Elbetde, gaýypdaky (gözlerine görünmeýän) Perwerdigärinden gorkýanlar üçin geçirim we uly sogap-sylag bardyr.

13.*(Eý, ynsanlar), siz sözüňizi ýaşyryň ýa-da äşgäre ediň (barybir Alla bilip durar). Elbetde, Ol kalblardaky syrlary bilijidir.*

14.*(Eýsem sizi) ýaradan (Öz ýokdan bar eden närselerini) bilmezmi?! Ol mähribandyr we (her närseden) habardardyr.*

15. Ol (Alla) siziň üçin Ýeri hakisar - boýun sunujy edip goýandyr. Bes, onuň (Ýeriň) her tarapynda (seýri-syýahat edip ýa söwda bilen ýa-da daýhançylygy kesp edip) ýörüberiň we (Allanyň beren) rysky-ruzundan iýiň. Ýalňyz Onuň huzuryna dirilip çykmak - gaýtmak bardyr.

16.*(Eý, Mekge kapyrlary), ýa siz (küfrleriňizde aýak diräp duruber-seňiz) asmandaky zadyň sizi ýere ýuwtduryp goýbermeginden, bes, öz-özünden (ýer) titräp, (sizi basyp galmagyndan) hatyrjemmisiňiz (gorkmaýarmy-syňyz)?!*

17. Ýa-da siz asmandaky zadyň üstüňize daş ýagdyrmagyndan hatyrjem- misiňiz?! Häli (azaba gariftar edileňizde) Meniň duýduryşymyň nähilidigini bilersiňiz!

18. Derwaka, olardan owalky kimseler hem (öz pygamberlerini) ýalançy hasap edendirler. Bes, Meniň inkärim - azabym nähili boldy?!

19. Olar üstlerinde (ganatlaryny) ýaýyp we ýygnap (uçup ýören) guşlary görmedilermi?! Olary (guşlary) ýalňyz Rahman (diňe gökde) saklap durar! Elbetde, Ol barça närsäni görüp durandyr.

20.(Eý, müşrikler), Rahmandan özge size ýardam berýän, siziň üçin goşun-ýardamçy bolan şol zadyň özi kim?! (Alladan özge birem medetkär ýokdur). Kapyrlar bolsa, hemişe azaşmadadyrlar (aldanýandyrlar. Şonuň üçin olar özleriniň sygynýan but-senemleri olary Allanyň azabyndan gutaryp biler diýip hasaplaýarlar).

21. Eger (Rahman) Öz ryskyny kesse, size rysk-ruz berýän şol zadyň özi kim?! (Alladan özge birem rysky-ruz beriji ýokdur). Ýok, olar (kapyrlar) garşy gidişde (tekepbirlikde, men-menlikde) we (Hakdan) daş düşmekde batdylar.

22. Eýsem, ýüzi aşak (ýagny, aýagynyň astyndan özge tarapa garamazdan) ýörýän kimse Hak ýoly taparmy ýa-da kaddy rast ýagdaýda Dogry ýoldan ýöreýän kişimi?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty Kerim kapyr bilen mömin hakynda getirilen ybratly bir mysaldyr. Oňa şeýle düşünmek lazym. Dinsiz-etagatsyz kimse birem ylahyý gollanmasyz, geçen gününi hem, ertir-gelejegini hem unudyp, diňe şu gününi nähili geçirmek gamynda, şu günüň aladalaryny çözmek bilen sergezdan, awara galyp, ýagny, diňe aýagynyň aşagyna garap gün geçirýär. Diýmek, onuň ertir, birigün ýolundan çykjagy anyk bolan her hili daşa - böwede büdräp, ýüzin ýykyljagynyň ujy iki däl. Emma iman-ygtykat eýesi bolsa, Ýaradan iberen Ylahyý Gollanma-synyň görkezen Dogry Ýolunda, göwresini dik tutup, edýän her bir iş-amalynda diňe häziriň häzirini gözlemezden, belki, ertiri - Kyýamat günündäki hasap-kitaby we sogap-sylagy oýlap barýar. Şunlukda, bu gunüň, ýagny, ötegçi dünýäniň arzan matalary ony öz saýlap alan Dogry Ýolundan azaşdyryp bilmeýär.

23.(Eý, Muhammet, ol kapyrlara) aýdyň: "Ol (Alla) sizi (ýokdan) bar eden we siziň üçin gulak, göz kalp (bagyş) eden zatdyr. Siz bolsa, entegem az şükür edýärsiňiz".

24. Aýdyň: "Ol sizi Ýer ýüzünde ýarandandyr. Siz (Kyýamat gününde) ýalňyz Onuň (alnyna) toplanarsyňyz".

25. Olar: "Eger rastgöý bolsaň, (hany aýt) işbu wada (edilen Kyýamat güni) haçan bolýar?" diýerler.

26.(Eý, Muhammet, olara) aýdyň: "(Kyýamatyň, haçan kaýym boljagy hakyndaky) bilim ýalňyz Allanyň huzuryndadyr. Men diňe bir açyk ägählendirijidirin, bolany".

27. Bes, haçanda olar (Kyýamat gününde wada edilen azaby özlerine) ýakyn halda görenden soň, ol kapyrlaryň ýüzleri garalyp gider we (olara): "Ine, şu siziň islän närsäňizdir" diýiler.

28.(Eý, Muhammet, ol kapyrlara) aýdyň: "Hany, habar beriň, eger Alla meni we meniň bilen bile bolan kişileri heläk etse ýa-da (ömrümizi uzyn etmek bilen) bize rehim-şepagat etse (Özüniň idin-ygtyýarydyr. Emma) indi kapyrlary (ýagny, sizi) kim agyr azapdan halas eder?!"

DÜŞÜNDIRIŞ. Mekge kapyrlary hemişe Muhammet alaýhy-s-salama we onuň sahabalaryna ölüm - heläkçilik dileýärdiler. Şonda Alla tagala tarapyn pygamberimize ýokardaky aýat hasyl edilip, kapyrlara şeýle jogap bermäge oňa emr edildi: "Biz möminler iki gözel akybete göz tutup ýaşaýarys. Olaryň biri, siziň arzuw edişiňiz ýaly, din ýolunda gurban bolup, jennete ýetmek bolsa, ikinjisi aman galyp, siziň üstüňizden özümiziň umyt eden ýeňşimize ýetmekdir. Emma siz kapyr bolup, (üstesine) kimiň, hemaýatyna garaşýarsyňyz??'

29. Aýdyň: "Ol (Alla) Rahman - Mähribandyr. Biz oňa iman getirdik we ýalňyz Onuň özüne töwekgel etdik - söýendik. Häli siz kimiň açyk zelalatdadygyny bilersiňiz!"

30.(*Eý, Muhammet, ol müşriklere*) *aýdyň: "Hany, habar beriň, eger* (*öz-özünden içer*) *suwlaryňyz* (*ýer teýine*) *siňip gider bolsa, onda kim size akar suw getirip biler?! (Jansyz butlaryňyzmy?! Bes, näme üçin ol bipeýda, jansyz butlary Mähriban Allaga şärik etdiňiz?!)"*

68. GALAM SÜRESI

Bu süre hem Mekge sürelerinden bolup, elli iki aýatdyr. Süräniň başynda Alla tagala ynsan ogluna eda eden bereketli nygmaty - Galam we onuň bilen bitirilýän işlere - ýazylýan zatlara kasam içip, Öz pygamberi Muhammet alaýhy-s-salamyň Mekge müşrikleriniň içigaralyk, ýamanlyk bilen oňa ýöňkeýän töhmetinden - mejnunlyk aýbyndan päkdigini aýdýar we onuň dogry Hulk üstündedigi takyklanýar. Soňra pygamberimize kapyrlaryň bir sözüne-de etagat etmezlik buýrulyp, olardan birиniň hatda özi hem bilmeýän yllatlary hakynda habar berýär. Bu sürede bahyllyklary sebäpli, bar närselerinden aýrylan bir kowum dogrusyndaky ybratly mysal hem orun alandyr. Süre pygamber alaýhy-s-salamy kapyrlar tarapyndan ýetýän azar-ezetlere sabyr-takat etmäge çagyrmak bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Nun. Galam we (onuň bilen perişdeleriň) ýazýan hatlaryna kasam ki, (eý, Muhammet), siz Perwerdigäriňiziň merhemeti bilen mejnun dälsiňiz?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Süre "Nun" harpy bilen başlanýar. Gurhandaky birnäçe süre, biziň öň hem ýatladyp geçenimiz ýaly, ine, şeýle ýalňyz-ýalňyz harplar bilen başlanýar. Köp yslam ulamalarynyň pikiriçe, bu harplar "hurufi mugattagat", ýagny, manydan üzülen harplar sanylyp, olaryň manysy diňe ýalňyz Alla tagalaga mälimdir. Ulamalaryň aýdyşlaryça, ylahyý mugjyza bolan bu Kitap adamlaryň aňsat okap, aňlap, amal etmekleri üçin olaryň ýagşy tanaýan harplary bilen aňsat düşüniliän edip inderilendir. Gurhandaky sürelerиň ýerleşiş tertibinde işbu süre ýalňyz-ýalňyz harplar bilen başlanýan sürelerиň soňkusydyr.

3. Elbetde, size (kapyrlaryň beýle azarlaryna sabyr-takat edeniňiz üçin) tükenmez sogap-sylag bardyr.

4. Elbetde, siz dogry ahlak Hulk üstündesiňiz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Käbir taryhçylaryň aýdyşlaryça, bu aýatdaky "dogry Hulk"dan maksat dogry dindir. Alla tagala nazarynda Yslam dininden söýgüli we gözel birem hulk ýokdur. (Hulk - ahlak manysynda). Aýşa (Alla ondan razy bolsun) enemizden pygamber alaýhy-s-salamyň ahlagy dogrusynda soralanda: "Onuň hulky Gurhandy. Gurhan razy bolan işden razy, Gurhan närazy bolan işden närazy bolýardy" diýip, jogap berendigi hem ýokardaky tewsiri berkidýär. Şunlukda resulyllahyň özi hem: "Hakykatdan hem, men dogry hulklary kemalyna ýetirmek üçin pygamber edip iberilendirin" diýip merhemet eder eken.

5-6. Basym haýsyňyzyň (ýagny, sizmi ýa-da olarmy) aşyk-mejnundygyny siz hem görersiňiz, olar hem görerler.

7. Elbetde, Perwerdigäriňiziň Özi Onuň ýolundan azan kimseleri örän ýagşy bilýändir we ol hidaýat tapyjylary hem örän ýagşy bilýändir.

8. Bes, (eý, Muhammet, siziň hak pygamberligiňizi we Gurhany) ýalan diýýän kimselere etagat etmäň!

9. Olar siziň (özlerine) göwünjeňlik - geleşik etmegiňizi islärler, şonda olar hem (size) göwünjeňlik ederler. (Emma siz olaryň bu isleglerine boýun synmaň!)

10-11-12-13. (Eý, Muhammet), ýene siz her bir pes kasamgär gybatçydyr gep daşaýjy, ýagşylygy görüp bilmeýän - bahyl, açgöz, günä batan, gopal we bulardan daşgary, binesil - haramy kimsä etagat etmäň!

14-15. Ol maly-mülki we ogullary bolany üçin (özünden çykyp), haçan oňa Biziň aýatlarymyz tilewat edilse: "(Bular) owalkylaryň efsanala-ry-la!" diýer.

16. Ýakynda Biz ony tumşugyndan tagmalap goýjakdyrys!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlar melgun kapyr Walid ibn Mugiýra hakynda hasyl bolandyr. Ol Gurhan aýatlaryna owalkylardan galan rowaýatlar diýip,

pygamberimize bolsa, mejnun diýip töhmet edende, Alla tagala onuň bir däl, dokuz häsiýetini paş edýär. Şonda bu häsiýetlerden sekizisini ret edip bilmeýär, emma dokuzynjy, binesil - haramy diýen ady göterip bilmän, (çünki, tä Alla tagala Öz aýaty bilen äşgär edýänçä, Walid özüniň haramydygyndan bihabardy) bu şermendeligi özünden dep etmek üçin dogran enesini desbi-dähil soraga tutanda, enesi hakykatdan hem, onuň zynadan bolan çagadygyny boýun aldy. Sahabalardan ibn Apbasyň (Alla ondan razy bolsun) güwälik berişiçe, Alla tagala Öz wada edişi ýaly, Walid ibn Mugiýra Bedr jeňinde "tumşugyndan tagmalandy, ýagny, edil burnundan gylyç iýnip, ölinçä il arasynda şol "tagma"sy bilen gezýär. Ine, işbu aýatlarda bir kapyr kimsäniň kylmyşy we gören görgüsi hakynda habar berlenden soň, aşakdaky aýatlarda Alla tagalanyň beren nygmatlaryna näşükrlik - bisarpalyk edendikleri üçip bütin Mekge iliniň gahatçylyga, gurakçylyga we açlyga duçar edilendigi beýan edilip, öň hem Alla tagalanyň synag etmek üçin beren naz-nygmatlardan garyp-biçäreleriň haklaryny bermezden, bahyllyk edendikleri sebäpli, bir bagyň eýeleriniň bar miweli agajyndan mahrum bolandyklary dogrusyndaky bir ybratly kyssa sözlenilýär. Kyssanyň owaly budur: Mekgeden onça uzak bolmadyk Ýemen diýarynda örän uly miweli bag eýesi bolan bir kişi geçipdi. Ol her ýyl hasyl bişende, ondan garyp-misginleriň hak-ülüşlerini berýärdi. Emma ol wepat edenden soň, miweli bagyň eýeleri bolup galan perzentleri başga ýoly tutýarlar. Aşakdaky aýatlarda Alla tagala, ine, şu hakda hekaýat edýär.

17-18. Hakykatdan hem, Biz olary (Mekge ilini açlyk we gahatçylyk bilen) belaladyk. Biz (öň) bag eýelerini hem edil şeýle (mahrumlyk bilen) belalapdyk. Şonda olar, elbetde, ony (ýagny, bagyň hasylyny) ir daňdan (garyp-misginlere hak-ülüş) aýyrmankalar üzmäge kasam içipdi-ler.

19-20. Bes, (gije) olar ukuda ýatyrkalar, onuň (bagyň) üstünde Perwerdigäriňiz tarapyndan bolan aýlanyjy (ot belasy) bir öwrüldi-de, ol (bagyň hasyly) üzülen dek bolup galdy (ýagny, bütin bag ýanyp kül boldy).

21-22. Olar bolsa, daňdan turup (gije bolan hadysadan bihabar hallarynda); "Eger (hasyly) ýygnamakçy bolsaňyz, bagyňyza ýörüň" (diýip) bir-birlerini çagyrdylar.

23-24. Soň: "Bu gün ol (bagda hasyl ýygýan wagtyňyz) üstüňize bir misgin (garyp) geläýmesin" (diýip), bir-birlerine pyşyrdaşyp ugrady-lar.

25. Olar (öz gümanlaryça misginleri baga getirmezligi maksat edinip) daň-säherläp bardylar.

26-27. Indi haçanda ony (ýanyp küle öwrülen baglaryny) görenden soň, (olar): "Şek-şübhesiz, biz ýoldan azaşdyk (ýagny, azaşyp başga baga geldik)" diýdiler, (soň, onuň öz baglarydygyny bilip): "Ýok, biz (bagymyzdan) mahrum bolupdyrys" diýdiler.

28.(Şonda) olaryň ynsaplyraklary: "Men size (Allaga) tesbyh aýdyp, şükür etmeýärsiňiz (ýagny, şeýle bol hasyl bagyş edeniň şükranasyna garyplaryň ülüşlerini bermeýärsiňiz) diýmänmidim?" diýipdi.

29. Olar (indi wagt geçenden soň): "Perwerdigärimizi päkläris. Hakykatdan hem, biz (özümize) zulum ediji bolduk" diýdiler.

30. Soň olar bir-birlerine bakyp, melamat edip başladylar.

31. Olar diýdiler: "Wa-hasrata, başymyza bela bolsun! Hakykatdan hem, biz hetden aşdyk.

32. Şaýat ki, Perwerdigärimiz bize ondan (bagdan) hem ýagşyragyny çalşyp berse. Biz, elbetde, Perwerdigärimize ymtyljakdyrys".

33.(Allanyň emrinden çete çykan kimseler üçin) ine, şeýle azap bardyr. Eger bilseler, ahyret azaby, şek-şübhesiz, hasam beterräkdir.

34. Elbetde, takwalar üçin Perwerdigäriniň huzurynda naz-nygmat baglary bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýat inderilende, Mekge müşrikleri: "Eger Muhammediň aýdanlary rast bolsa, bize edil dünýäde bolşy dek, ahyretde hem ondan we onuň bilen bile bolan musulmanlardan ýagşyrak naz-nygmat-lar berilýär" diýip başladylar. Şonda olaryň bu puç dawalaryny inkär edip, aşakdaky aýatlar hasyl boldy.

35. Eýsem, Biz musulmanlary jenaýatçy kapyr kimselere barabar ederismi?!

36.(Eý, müşrikler), size näme boldy? Nähili höküm çykarýarsyňyz?

37-38. Belki, sizde (asmandan inen) bir Kitap bar bolup, ondan siz özüňiz üçin (ahyretde) şek-şübhesiz, islän närseleriňiz bardygyny okap, öwrenýänsiňiz?!

39. Belki, siziň üçin Bizin boýnumyzda "Öz karar eden bar närsäňiz özüňiziňki bolar" diýen, tä Kyýamat gününe çenli ýetýän kasam (ýagny, Biz tarapdan berlen ähdi-peýman) bardyr?!

40.(Eý, Muhammet), hany, olardan soraň, haýsysy muňa (ýagny, puç dawalarynyň hakdygyna) kepil bolup bilerkä?!

41. Belki, olaryň (bu dawalaryny tassyklaýan) şärikleri bardyr?! Onda, eger rastgöý bolsalar, şol şäriklerini getirsinler!

42-43. Dyzlar ýalaňaçlanýan (ýagny, agyr hasap-kitaba çaglanylýan) we olaryň (kapyrlaryň) gözleri (aşak) bakyp, horluk olary dolap alan ýagdaýlarynda sejde etmäge synanyşyp, (ýöne sejdä) güýçleri ýetmän galýan Güni (ýatlaň! Çünki, durmuşy dünýälik wagtlarynda) olar sag-salamat bolan hallarynda sejde etmäge çagyrylýardylar (emma sejdä kadyr bolsalar-da, ondan baş çekýärdiler).

44. Bes, (eý, Muhammet), siz işbu Sözi - Gurhany ýalan diýýän kimseleri Maňa goýuň! Ýakynda Biz olary özleri bilmeýän – duýmaýan tarapdan asta-sekin (heläkete duçar etjekdiris)!

45. Men (günälerini artdyrmaklary üçin) olara möhlet berip, (ömürlerini uzyn edip) goýýaryn. Derwaka, Meniň "mekirim" örän gatydyr!

46. Belki, siz (eý, Muhammet, dine çagyranyňyz üçin) olardan sylag-hak soraýansyňyz, olar bolsa, zyýana galarys öýdüp ýüksünýändirler? (Ýagny, siz olardan hiç-hili hak soraňzog-a)!

47. Belki, olaryň öňlerinde gaýyp (ýagny, gaýypdan bolýan barça işler ýazylan Lahful-Mahfuz) bar bolup, olar (diýýän sözlerini şondan) ýazyp alýandyrlar?!

48. Bes, (eý, Muhammet), siz Perwerdigäriňiziň hökümine (ýagny, Onuň kapyrlara möhlet berip goýanyna, Yslam dini tiz ýeňiji bolmaýanlygyna) sabyr ediň we näheň balyk sahyby (Ýunus pygamber) kibi (bisabyr) bolmaň! Ýatlaň, ol (bisabyr bolany üçin balygyň garnyna düşüp, gama) batan ýagdaýynda (Perwerdigärden pena diläp) nyda edipdi.

49. Eger oňa Perwerdigäri tarapyn nygmat-merhemet ýetmedik bolsa, elbetde, kenara-çöle jansyz halda zyňylardy, (ýöne Perwerdigäri oňa) merhemet gerkezip (balygyň garnyndan) sag-aman çykardy.

50. Soň Perwerdigäri ony (gaýtadan pygamberlige) saýlap, salyh (pygamber) etdi.

51. Elbetde kapyr bolan kimseler ýatlatma - Gurhany eşiden wagtlarynda, sizi gözleri bilen ýykaýjak bolarlar we: "Muhammet, şek-şübhesiz, mejnundyr" diýerler.

52. Hakykatda, ol (Gurhan) barça, älemler üçin diňe bir ýatlatmadyr.

69. AL-HAAKKA SÜRESI

Bu süre elli iki aýatdan ybarat bolup, Mekgede hasyl edilendir. "Al-haakka" "Hökman boljak zatlar" diýip atlandyrylan bu sürede, esasan, Kyýamat gününde ýüze çykýan waka-hadysalar hakynda söz ýöredilýär. Şeýle hem bu sürede geçmişdäki küfr ýoluny tutan milletleriň tapan akybetleri, Sur çalynýan Günde asmanu-zeminde ýüze çykýan elhenç hadysalar we şondan soň her bir bendäniň durmuşy dünýäde edip öten ähli amallary dogrusynda hasap berişi, şol hasap-kitap Gününde amalnamasy sag ýanyndan gelýän kişilere bagyş edilýän uly sylaglar we amalnamalary çep tarapyndan gelýän betbagt kimseleriň duçar bolýan müşgil azap-ukubatlary hususynda habar berýän aýatlar hem bardyr. Süre Muhammet alaýhy-s-sa-lamyň, hak pygamberdigini we Gurhany Kerimiň çyn ylahyý Kitapdygyny tassyklaýan aýatlar bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bylen:

1. Hökman bolaýmaly (kyýamat)...

2. Şol hökman bolaýmaly nämedir?

3.(Eý, Muhammet), *siz hökman bolaýmalyň nämedigini nireden bilersiňiz?*

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda "Al-haakka" (Kyýamat güniniň atla-ryndan biri) ýagny, hökman bolaýmaly - Kyýamat sözüniň Alla tagala öňünde nägadar uly orun tutuşyny takyklaýar. Şonuň üçin hem soňky aýatda pygamber alaýhy-s-salama nygtap, ol Günüň nähili gündügini, täsir-hakykatyny siz bilmersiňiz diýildi. Indi aşakdaky aýatlarda şol Kyýamat güniniň hakdygyny inkär edip, heläkete duçar bolan kowumlar hakynda habar berilýär.

4. Samud we Aat (tireleri öz elhençligi bilen kalblary) gaty omrujyny (Kyýamat güni) ýalan diýdiler.

5. Indi Samud (tiresine) gelsek, bes, olar hetdenaşa güýçli närse (ýyldyrym) bilen heläk edildiler.

6. Inde Aat (tiresine) gelsek, bes, olar bir elhenç sesli .börelli boran bilen heläk edildiler.

7. Ol (borany Alla) olaryň üstüne yzly-yzyna ýedi gije, sekiz gündiz häkim edip goýdy kn, indi ol ýerdäki kowumyň edil çüýräp - içi boşap galan hurma daragtynyň töňňesi dek ýykylyp, heläk bolup ýatanlaryny görersiňiz.

8. Bes, olaryň biriniňem (aman) galanyny görermisiňiz? (Asla, olaryň hemmesi heläk bolup gitdiler).

9. Firawun hem, ondan owal (öten dinsiz) kimseler hem, zeru-zynat bolan obalar (ýagny, Lut pygamberiň kowumynyň obalary) hem hata işler etdiler.

10. Olar Perwerdigäriniň pygamberine etagatsyzlyk etdiler. Bes, Ol olary öte gaty tutuşy bilen tutdy "(ýagny, misilsiz gaty azap bilen azaplady).

11. Biz suw joşup, kenardan agan wagtynda sizi (Nuh pygamberiň ýasan) gämisinde göterdik.

12. Biz ol (işi, ýagny, möminlere najat berip, kapyrlary suwa gark edip goýbermegi) size ýatlatma - ybrat etmek, we aňlaýjy gulaklaryň eşidip, aňlamaklary üçin (etdik).

13. Bes, haçan Sur bir gezek çalynanda;

14. We Ýeru-daglar (öz ornundan) göterilip, (bir-birlerine) bir gezek urlup (kül-uşak bolanynda);

15. Ana, şol Günde waka, waka bolar! (Ýagny, Kyýamat kaýym bolar!)

16. We asman ýarylar! Çünki (asman) ol Günde ejiz bolup galar!

17. We perişdeler (asmanyň) çar tarapynda (Allanyň emrine intizar bolup) durarlar. Ol Günde olaryň üstünde Perwerdigäriňiziň tagtyny sekiz (perişde) göterip durar.

18. Şol Günde siz (hasap-kitap üçin Alla) ýüzbe-ýüz edilersiňiz - siziň bir syryňyzam gizlin galmaz.

19-20. Indi öz kitaby - namaýy-amaly (amalnamasy) sag eline berlen kişi: "Ine, meniň kitabymy okaň. Hakykatdan hem, men hasap-kitabyma (ýagny, ahyretdäki ajyr-sylaga) ýüzbe-ýüz boljagymy bilipdim" diýer.

21-22-23. Soň ol göwünli durmuşda, miweleri (jennet ili üçin) ýakyn bolan gözel jennetde bolar.

24.(Jennet iline) "Öten günlerde (ýagny, durmuşy dünýäde) edip öten (ýagşy) amallaryňyz sebäpli, (işbu naz-nygmatlary) päk bilip, iýip-içiberiň" (diýler).

25. Indi öz kitaby çep eline berlen kimse diýer: "Wah, maňa kitabym berilmese bolmadymy!

26. We men hasap-kitabymy (ýagny, alýan jezamy) bilmesedim!

27. Wah, şol (birinji ölümim ähli närsäni) gutaryjy - üzüji bolup, (we Kyýamatdaky, ine, bu gaýtadan diriliş bolmasa)dy!

28. Maňa (muşakgatlar bilen tapan) mal-dünýäm hem kömek berip bilmedi-le!

29. Mülkü-soltanatym hem heläk bolup gitdi-le!"

30.(Bes, Alla jähennem goragçylaryna): "Ony tutup, daňyň!

31. Soňra dowzaha taşlaň!

32. Soňra uzynlygy ýetmiş gez bolan zynjyr bilen baglaň!

33. Çünki ol (durmuşy dünýäde wagtynda) Beýik Allaga iman getirmeýärdi.

34. We misgin-biçärä tagam bermäge (özüni hem, özgeleri hem) ugruk- dyrmaýardy.

35. Bes, Bu gün bu ýerde oňa birem dost-medetkär ýokdur!

36. We bir tagam hem ýokdur! Diňe iriňden bolan (bir "tagam" bar ki),

37. Ony diňe (ýoldan) azaşan (kapyr)lar iýer!" (diýer).

38-39-40. Bes, Men siziň görýän närseleriňize hem, siziň görüp bilmeýän närseleriňize hem kasam içermen, ol (Gurhan) şek-şübhesiz, ilçiniň pygamberiň (Alla dergahyndan getiren) sözüdir!

41. Ol bir şahyryň sözi hem däldir... (Siz işbu Gurhanyň Allanyň kelamydygyna) entegem az iman getirýärsiňiz!

42. We bir jadygöý palçynyň sözi hem däldir! Siz entegem az pent-nesihat alýarsyňyz!

43.(Ol) bütin älemler Perwerdigäri tarapyn inderilen (Kitapdyr).

44. Eger (pygamber) Biziň şanymyza (Biziň aýtmadyk) käbir sözleri toslan bolanda;

45-46. Elbetde, Biz onuň sag elinden tutup, soňra onuň damaryny üzüp taşlardyk.

47. Onda siziň biriňizem ondan (ýagny, pygamberden heläketi) durzup bilmezdi. (Bes, Muhammet alaýhy-s-salam Allanyň kelamyna özi tarapyndan bir sözem goşmandygy), belki, boýnundaky amanat - pygamberligi halal eda edip gelýänligi üçin hem, siziň araňyzda sag-aman ýaşap ýörendir. Bolmasa, Alla ony heläk ederdi. Bu Muhammet alaýhy-s-salamyň hak

pygamberdiginiň ýene bir açyk delilidir.

48. Elbetde, ol (Gurhan) takwalar üçin pent-nesihatdyr.

49. Şek-şübhesiz, Biz siziň araňyzda (Gurhany) ýalan diýýänleriň hem bardygyny anyk bileris.

50. Elbetde, ol (Gurhan) kapyrlara (Kyýamat gününde Gurhana iman getiren kimseleriň sogaba eýe bolandyklaryny görenlerinde) hasrat-nedamat bolar.

51. Elbetde, ol (Gurhan) anyk Hakykatdyr!

52. Bes, beýik Perwerdigäriňiziň adyny (mydama ähli aýby-nogsandan) päk tutuň!

70. MAGRAJ SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl bolan. Ol kyrk dört aýatdyr. Süre kapyrlaryň günä tapyp, özlerine duýdurylan ahyret azabyny inkär edişleri hakynda habar bermek bilen başlanyp, soňra olaryň ynanmaýan - iman getirmeýän Kyýamat gününde kapyrlara berilýän kanuny jezadan hiç hili töleg bilen gutulyp bolmaýanlygy ýene bir gezek takyklanýar. Bu sürede ýene ynsanyň gamgynlygy hem, wagghoşlugy hem getirip bilmeýän ejiz närsedigi aýdylyp, diňe takwalygyň we ýagşy amallaryň ynsany beýle ejizlikden aman saklap bilmeginiň mümkinligi aýdylýar. Süräniň, soňunda kapyrla-ryň jennete girmek dogrusynda bihuda-bipeýda tama edişleri beýan edilip, soňra pygamber alaýhy-s-salama olary tä özlerine wada edilen azaba ýolugýançalar, terk etmek buýrulýar. Süräniň atlandyrylan "Magraj" kelemesi aslynda" "Basgançaklar" manysynda bolup, bu sürede "Asmanyň gatlary" manysynda gelýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2-3. *Bir soraýjy kimse (asmanlaryň ähli) basgançaklaryň-gatlak-laryň sahyby bolan Alla tarapyn kapyrlara inýän - birewiň - yzyna gaýtaryp bilmeýän - azabyň (öz üstüne düşmegini) sorady.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlar müşrik Nezr ibn Harys hakynda hasyl bolandyr. Pygamber alaýhy-s-salam kapyrlar üçin taýýarlanyp goýlan Alla tagalanyň azabynyň bardygyny olara duýduranynda, Nezr turup: "Eý, Hudaý, eger, ine, şu (Gurhan) Seniň dergahyňdan gelen hakykat bolsa, üstümize gökden daş ýagdyryň ýa-da bize agyr azap getirgin" diýýär. Ine, şu dilegiň özünden Nezr we ol tireleriň kimdikleri mälimdir. Çünki, olar Hak ýola ýörmegi islän kişiler bolanlygynda: "Eý, Hudaý, eger, ine, şu Gurhan Seniň dergahyňdan gelen hakykat bolsa, bizi hem onuň ýoluna hidaýat etgin" diýerdiler. Indi aşakdaky aýatda ähli perişdeleriň Kyýamat gününde asman gatlaryny basyp geçip, Alla tagala huzuryna toplanyşlary zikr edilýär.

4. Perişdeler we Ruh (ýagny, Jebraýyl) uzynlygy elli müň ýyl bolan bir Günde (ýagny, Kyýamat gününde) Onuň huzuryna göteriler.

5. Bes, (eý, Muhammet, kapyrlaryň azar-ezetlerine) gözel sabyr bilen sabyr-takat ediň!

6-7. Çünki, olar ony (ol güni) uzak diýip bilerler, Biz bolsa, onuň ýakynlygyny bileris!

8. Ol Günde asman eredilen mis kibi bolar.

9. Daglar bolsa ýüň kibi (ýeňil) bolar.

10. We bir dost hem dostundan (hal-ahwal) soramaz.

11-12-13-14. (Elbetde,) olar (bir-birlerine) görkeziler! Jenaýatçy -kapyr kimse ol Günüň azabyndan (gutulmak üçin) ogullaryny, jübütini (aýalyny), dostuny, ony öz penasyna alýan agaýy-garyndaşyny we Ýerdäki ähli kişileri töleg edip barmagy, soňra (bu tölegiň) oňa najat bermegini islär.

15-16. Ýok, (hiç-hili töleg ony azapdan gutaryp bilmez)! Elbetde, (kapyrlar taşlanýan dowzah öz yssylygy-howry bilen) baş hamlaryny soýup, syryp gidýän bir otdur!

17-18. Ol (Hak ýolundan) ýüz öwrüp, terse dönüp giden we (pul-mal) ýygan, toplan (ýagny, ony Alla buýran jaýlara sarp etmedik) kimseleri (özüne) çekip durar!

19. Hakykatdan hem, ynsan bitakat zdip ýaradylandyr.

20. Haçan oňa ýamanlyk (garyplyk-külpet) ýetse, ol öte bisabarlyk eder.

21. Haçan oňa ýagşylyk (baýlyk, salamatlyk) ýetse, ol öte bahyldyr.

22. Diňe nazamhonlar (ýagny, musulmanlar beýle däldir)ki,

23. Olar namazda hemişe - berkarardyrlar.

24-25. Olar (tapan) mal-mülklerinden sorana we (mal-döwletden) mahrum kişilere mälim haky (ýagny, zekaty) berenlerdir.

26. Olar jeza - Kyýamat gününi tassyk edýänlerdir.

27. Olar Perwerdigäriniň azabyndan gorkýanlardyr.

28. Şunlukda, Perwerdigäriniň azaby (hiç kim üçin) hatarsyz däldir (ýagny, hiç kimiň: "Maňa Allanyň azaby ýetmez" diýip, hatyrjem bolmaga haky ýokdur).

29. Olar ýuka ýerlerini (haramdan-zynadan päk) saklaýanlardyr.

30. Diňe öz jübüti halallaryndan we ellerindäki gyrnaklardan (saklanmaýarlar). Bes, olara melamat edilmez.

31. Indi kim mundan özgäni (ýagny, zyna we şunuň kibi şerigaty-yslamda haram edilen başga närseleri) islese, bes, ana, şolar hetden aşyjy kimselerdir.

32. Olar (ýagny, mömin-musulmanlar) özlerine ynanylan amanatlara we (özgelere) beren ähdi-peýmanlaryna amal edýänlerdir.

33. Olar öz güwäliklerini dogry-düzüw eda edýänlerdir.

34. Olar namazlaryny (wagtynda eda edip, kaza bolmakdan) saklanýanlardyr.

35. Ana, şolar jennetlerde yzzat-hormat görerler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda hakyky mömin-musulmanlaryň sypat-häsiýetleri beýan edildi we ana, şolaryň jennet nygmatlaryna dahyl boljakdygy aýdyldy. Indi aşakdaky aýatlarda pygamber alaýhy-s-salamyň ýanyna gelip, top-top bolup oturyp, onuň aýdan sözlerini ýaňsylaýan we bir-birlerine sahabalary görkezip: "Eger, ine, şular Muhammediň aýdyşy

ýaly, jennete girýän bolsalar, biz-ä hökman olardan öň şoňa gireris" diýip gep edýän müşrikler hakynda sözlenip, olaryň beýle tamalarynyň peýdasyzlygy takyklanýar we olardan ýüz döndermek pygamber alaýhy-s-salama emr edilýär.

36-37. Bes, (eý, Muhammet), bu kapyr bolan kimselere näme boldy ki, olar sag we çepden topar-topar bolup, siz tarapa ylgarlar?!

38. Ýa olardan her bir kimse naz-nygmat jennetine girizilmegini tama edermi?!

39. Ýok, (olar hiç haçan jennete girmezler)! Elbetde, Biz olary öz bilýän närselerinden (ýagny, bir damja suwdan) ýaratdyk.

40-41. Bes, (şeýlelikde) maşrygu-magrybyň Perwerdigärine kasam içermen ki, şek-şübhesiz, Biz (bu kapyrlary heläk edip, orunlaryna) olardan ýagşyrak (ynsanlary) çalşyryp goýmaga kadyrdyrys we Biz (bu işde) ejiz däldiris.

42. Bes, (eý, Muhammet), siz olary terk ediň! Olar tä özlerine wada edilip ýören güne ýüzbe-ýüz bolýançalar (öz batyl-bihuda hyýallaryna) gark bolup, oýnap-gülüp ýörübersinler!

43-44. Ol Günde olar göýä (öz sygynýan) butlaryna garap ylgaýyşlary ýaly howlugyp, gözleri (aşak) bakyp, olary horluk gurşan ýagdaýda gabyrlaryndan çykyp gelerler! Ine, şu (durmuşy dünýäde) olara wada berlen Gündür!

71. NUH SÜRESI

Mekgede inderilen bu süre ýigrimi sekiz aýatdan jemlenendir. Bu sürede pygamberleriň aksakgaly - ýaşulysy Nuh alaýhy-s-salamyň kyssalary -onuň pygamber edip iberilişinden başlap, tä kowumlarynyň arasyndaky kapyr bolan kimseleriň tupan belasyna duçar edilişine çenli doly hekaýat edilýär. Şonuň üçin bu süre "Nuh" süresi diýip atlandyrylýar. Bu sürede Alla tagalanyň Öz pygamberleri arkaly iberen dinine garşylyk görkezýän kimseleriň bütin zamanlarda we mekanlarda bolany we boljagy hakynda habar berilmegi bilen bir hatarda ynsanet taryhynda Ýaradanyň buýran dininden çykan ähli milletleriň akybetleriniň bagtsyzlyk bolandygy hem aýdylýar.

Süre Nuh alaýhy-s-salamyň öz kowumlarynyň arasynda dokuz ýüz elli ýyl ýaşap, olary Allanyň dinine çagyrandan soň hem, olar pent-nesihat alyp, Hidaýat ýoluna ýörmänlerinden soň, ol Alla tagala dileg edip, bu kapyrlara Öz belasyny ibermegini sorandygy hakyndaky aýatlar bilen hatyma ýetýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Hakykatdan hem, Biz Nuha: "Kowumyňy olara agyr azap gelmezinden öň habardar et" diýip, öz kowumyna pygamber edip iberdik.

2. Ol aýtdy: "Eý, kowumym, elbetde, men size (iberilen) açyk ägählendiri- jidirin.

3. Allaga ybadat ediň we Ondan gorkuň hem-de maňa boýun synyň.

4.(Şonda Alla) siziň günäleriňizi magrypat eder we sizi bellenen mütdete çenli (ýagny, ajalyňyz ýetinçä diri) galdyrar. Eger bilseňiz, Allanyň (ölüm üçin belläp goýan) mütdeti gelen wagtynda, asla yza süýşürilmez".

5.(Nuhuň bu başlan ýoly olara kär etmänden soň), ol aýtdy: "Perwerdigärim, elbetde, men kowumymy gije-gündiz (iman-ygtykada) başladym.

6.(Emma) meniň başlan ýolum olara diňe (imandan) gaçmagy zyýada kyldy, bolany.

7. Derwaka, her haçan men olary Seniň magrypatyňa (sebäp bolýan din ýoluna) başlasam, olar (meniň sözlerimi eşitmezlik üçin) barmaklaryny gulaklaryna dykyp (meni görmezlik üçin ýüz-gözlerine) geýimlerini oradylar we (öz küfrlerinde) aýak diräp durdular hem-de (maňa etagat etmekden baş çekip) kibru-howa (men-menlik) kyldylar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hormatly okyjy üns beren bolsa, Nuh pygamberiň kowumlarynyň arasyndaky kapyr kimseler Muhammet alaýhy-s-salam zamanlaryndaky we ondan soňky döwürlerdäki kapyrlar ýaly, Allanyň dininden ýüz öwrüp, ters öwrülip gitmeýärler, gaýta olar edil ýaş çaga ýaly barmaklaryny gulaklaryna dykyp, ýüz-gözlerini örtüp, Hak ýoluna ýörmekden çaga ýaly kejirlik bilen baş çekýärler. Muňa sebäp, Gurhany Kerim bize işbu sürede on müň ýyllar öň öten, ikinji Adam Ata hasaplanan Nuh alaýhy-s-salam zamanlaryndan, ýagny, adamzadyň aýny çagalyk döwründen hekaýat edýändir. Gurhanyň bu ajap usuly, ýagny, her bir döwür hakynda aýny şol döwrüň ruhy-dili bilen sözleýişi-teswir-leýşi hem onuň ylahyý mugjyzadygyna ýene bir delildir. Hakykatdan-da, Muhammet alaýhy-s-salam dek hat-sowady bolmadyk bir kişiniň özüniň ynsany aň-paýhasy bilen uzak geçmişiň çaňyna siňip giden kowum-tirelerиniň her birini öz "dili" bilen sözledip bilmegi mümkin bolmadyk bir işdir ki, muňa diňe barça zamanlardaky durmuşdan we ähli närseden habarly bolan ezeli we ebedi zat - Alla tagala kadyrdyr.

8. Soňra men olary äşgäre (ýagny, adamlaryň üýşen ýerlerinde belent hak ýola) çagyrdym.

9. Soňra men olara (öz başlan hak ýolumy) açyk yglan hem etdim, pynhan syr edip hem aýtdym.

10. Men diýdim ki: "Perwerdigäriňiz (Alla)dan magrypat soraň, elbetde, Ol öte geçirimlidir.

11.*(Şonda) Ol üstüňize asmandan ýagyş ýagdyrar.*

12. We size mal-dünýä, bala-çaga bilen medet berer hem-de size bagu-bossanlar berer we size akar derýalar berer.

13. Näme üçin Siz Allany beýiklemegi (ýagny, Oňa ybadat etmegi) oýlamaýarsyňyz?!

14. Ol bolsa, sizi nobatma-nobat ýaratdy!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu we aşakdaky aýatlarda näme sebäpden bendeleriň Alla tagalaga ybadat etmekleriniň zerurdygyna deliller getirilendir. Alla tagala ynsanlaryň üns-pikirlerini owal-a özleriniň nähili ýaradylandyklaryna garadýar. Hakykatdan hem, her bir ynsan ene garnynda başda bir damja suw bolup, soňra goýy gana öwrülip, soňra bir bölek et bolup, soňra oňa jan bagyş edilip, ýagty dünýä gelişi hakynda oýlanan her bir düzüw akyl we arassa kalp eýesi biygtyýar Ýaradanyň gudratyna -beýikligine alkyş aýdyp, Oňa sejde etmän durup bilmez. Indi aşakdaky aýatlarda Alla tagalanyň gudratynyň şeýle çäksiz-araçäksizdigine açyk delalat edip duran gök we ondaky saýýaralar hakynda söz ýöredilýär.

15-16. Allanyň ýedi asmany nähili üstme-üst edip ýaradanyny we Aýy olardaky nur-ýagtylyk edip, Güneşi bolsa (nur saçyjy) çyrag edip goýanyny görmediňizmi?!

17. Alla siziň (ataňyz Adamy) ýerden önderip ösdürdi (ýagny, peýda kyldy).

18. Soňra (wepat edeniňizde) Ol sizi ýene (ýere) gaýtarar we (Kyýamat kaýym bolanda) sizi ýene çykarar!

19-20. Alla ýeri siz üçin, siziň ondaky giň ýollarda ýörmegiňiz üçin ýaýyk - tekiz edip goýdy".

21. Nuh aýtdy: "Perwerdigärim, hakykatdan, olar maňa etagatsyzlyk etdiler hem-de (tapan) mal-dünýäsi we bela-çagasy özüne diňe zyýany (ýagny, küfr we müňkürligi) zyýada eden kimselere (özleriniň baý-dwwletli öňbaşçylaryna) tirkeşip gitdiler".

22. Ol (öňbaşçylar Nuha garşy) ýerän uly mekir-hile etdiler.

23. We (özlerine tirkeşen akmak-pes kimselere): "Siz hergiz öz hudaýlary- ňyzy terk etmäň! "Wad"y hem, "Suwag"y hem, "Ýagus"y hem, "Ýauk"y hem, "Nasr"y hem hergiz terk etmaň!" - diýdiler.

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatda zikr edilen bäş ' at Nuh pygamber zamanlaryndaky kapyrlaryň sygynýan but-senemleriniň adydyr. Olar Nuh alaýhy-s-salamyň başlan ýollaryna, sözlerine gulak salman, şol butlara sygynandyklary üçin hem tupan belasyna giriftar edilip, heläk bolandyrlar.

24."Hakykatdan, olar (ýagny, Nuh kowumynyň baý-döwletli öňbaşçylary) köp (kişileri) ýoldan azdyrdylar. (Perwerdigärim) bu zalym kimselere diňe gümralygy zyýada etgin" (diýdi Nuh).

25. Olar öz hata-günäleri sebäpli gark edilip, dowzaha girizildiler. Bes, özleri üçin Alladan özge ýardam berijileri tapmadylar (ýagny, sygynan but-senemleri olary Allanyň azabyndan gutaryp - azat edip bilmediler).

26. Nuh aýtdy: "Perwerdigärim, Ýer ýüzünden kapyrlary öýi-öwzary bilen ýok etgin!

27. Çünki, Sen eger olary (Ýer ýüzünde) galdyrsaň, olar bendeleriňi ýoldan azdyrarlar we olar diňe azgyn, näpäk (kimseler)i dogrup, köpelderler.

28. Perwerdigärim, Özüň meni, ata-enemi, meniň öýüme mömin bolup giren kişileri we ähli möminu-mömineleri magrypat etgin, zalym kimselere bolsa, diňe bagtsyzlygy zyýada etgin!".

72. JYN SÜRESI

Bu süre ýigrimi sekiz aýatdan ybarat bolup, Mekgede inderilendir. Ol Alla tagalanyň otdan ýaradan göze görünmez, mahluklary - jynlar älemi hakynda hekaýat edýär. Melimki, Muhammet alaýhy-s-salam ynsu-jyna barabar pygamber edip iberilendir. Edil ynsanlar arasynda bolşy ýaly, jynlar arasynda hem onuň pygamberdigine iman getirenler hem, iman getirmeýänler hem bardyr. Bu süräniň owalynda Gurhan aýatlaryny eşidenlerinden, ol Kitaba derrew iman getiren bir topar jynlar hakynda habar berlip, soňra, umuman, jynlaryň nähili mahlukatdygy dogrusynda maglumatlar getirilýär we olaryň käbir kişileriň oýlaýşy dek, ynsanlara birem peýda ýa-da zyýan ýetirmäge ýa gaýyp syrlaryny bilmäge kadyr däldikleri, şunuň dek olaryň içinde ýagşylarynyň hem, ýamanlarynyň hem, musulmanlarynyň hem, Iblis kibi kapyrlarynyň hem bardygy açyk-röwşen beýan edilýär.

Süre pygamber alaýhy-s-salama öz boýnunda nähili wezipeleriň bardygyny, Alla tagalanyň Öz pygamberlerine nämeleri mälim edýändigini we nämeleri aýtmaýandygyny, Alla we Onuň pygamberine asylyk eden kimseleriň akybetleriň nähili boljagyny aýtmagy buýrmak bilen netijelenýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. (Eý, Muhammet), aýdyň: "Maňa wahyý edildi ki, jynlardan bir topary (meniň Gurhan tilewat edenimi) eşidip, (öz kowumlaryna gaýdyp barandan soň), diýdiler: "Hakykatdan, biz Hak ýola hidaýat edýän bir ajaýyp Gurhany eşitdik we derrew oňa iman getirdik. Biz (indi) Perwerdigärimize hergiz bir kimsänem şärik etmeris".

DÜŞÜNDIRIŞ. Sahabalardan Ibn Apbasyň (Alla ondan razy bolsun) güwälik berişiçe, pygamber alaýhy-s-salam - Bamdat namazyny okaýan çaglarynda, bir topar - jynlar häzir boluşyp, Gurhan aýatlaryny diňläpdirler we derrew Oňa iman getiripdirler. Emma resulyllah olaryň

gelenlerinden hem, Kelamylla gulak tutanlaryndan hem bihabardylar. Haçanda diňe işbu süre nazyl edileninden soňra, ol bu wakadan habardar bolýar. Ýokardaky aýatlarda jynlaryň Gurhany eşidenlerinden - eşiden zatlarynyň adamzadyň sözi däl-de, belki, ylahyý mugjyza diýip iman getirenlikleri dogrusynda habar berilmeginden gözlenen maksat, taryhçylaryň aýdyşlaryça, birinjiden, ähli ynsana Kelamyllanyň ynsanlar üçin däl, belki, jynlar älemi üçin hem ylahyý görkezme bolup hasyl edilenini yglan etmek bolsa, ikinjiden, Muhammet alaýhy-s-salamyň şahsyetini tanaýan we onuň hat-sowatsyzlygyny hem öräп ýagşy bilýän Mekge iline - araplara, özleriniň dillerinde hasyl bolan, belki, dünýädäki ýetik danalaryň hem birleşip ýazyp bilmejek bir Kitaba -hatda jynlaryň hem eşiden badyna iman getiren Kelamyllaga olaryň (Mekge iliniň) iman getirmänleri üçin temmi bermekdir. Indi aşakdaky aýatlarda Alla tagala mömin jynlaryň dilinden hekaýat etmegini dowam edýär.

3."Elbetde, beýikligi uly bolan Perwerdigärimiz birem jübüt (jübüti-halal) ýa-da perzent alan däldir.

4. Elbetde, biziň içimizdäki akmak (Iblis) Alla şanyna ("Onuň hatyny we balasy bar" diýip) nähak söz aýdýardy.

5. Elbetde, biz yns hem, jyn hem Alla şanyna hergiz ýalan sözlemez diýip oýlardyk".

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu sözler jynlar tarapyndan Alla tagala aýdylan uzür-ötünçdir. Ýagny, olar ynsanlar hem, jynlar hem Alla şanyna ýalan sözi aýdyp bilmez diýip, oýlanlary üçin jynlardan bolan Iblis olara "Allanyň hatyny, balasy bar" diýip töhmet edende, onuň sözlerine ynananlaryny we haçanda Gurhan aýatlaryny eşidenlerinden soň, Alla tagalanyň birem şärigi ýok ýeke-täk zatdygyny bilip, "Biz (indi) Perwerdigärimize hergiz bir kimsänem şärik etmeris" diýip, ant içenliklerini aýdyp, üzür-geçirim soraýandyrlar.

6. "Elbetde, ynsdan bolan (käbir) kişiler jyndan bolan kimselerden pena dileşip, olaryň ýene-de hetden aşmagyny - kezzaplygyny zyýada edýärdiler".

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, gadymda (häzir hem) aýry-aýry kimseler bir oňat ýere baryp düşlemekçi bolsalar, şol ýeriň "eýeleri" bolan jynlaryň uluglaryndin pena soraýardylar we muny bilen jynlaryň kezzapçylygy ýene-de zyýada bolup, "Ine, biz diňe jynlara däl, belki, ynslara hem eýediris" diýip, göterilip, guwanýardylar. Işbu aýatda Gurhan beýle düşünjäň batyl ekenligini aýdyp, jynlaryň hem edil ynsanlar ýaly Allanyň bendeleridigini, eger-de Alla tagalanyň idin-eradasy bolmasa, hiç kime peýda hem, zyýan hem ýetirip bilmeýänliklerini bildirýär.

Aşakdaky aýatlarda ýene jynlaryň dilinden hekaýat edilýär. Başdaky aýatda mömin jynlar kapyrlara gazap bilen diýdiler:

7."Elbetde, olar (ýagny, ynsanlaryň kapyrlary) hem edil siziň güman edişiňiz dek, Alla hergiz bir kimsänem gaýtadan diriltmez diýip güman etdiler. (Ýagny, siziň gümanlaryňyz hem, olaryň gümanlary hem nädogrydyr. Çünki, Gurhanda gaýtadan diriliş we hasap-kitap boljagy dogrusynda aýdyldy we biz muňa iman getirdik).

8. Elbetde, biz (perişdeleriň sözlerini ogrynça eşitmek üçin) asmana gidipdik, onuň güýçli goragçy (perişde)ler we (ogry jynlara atylýan uçar) ýyldyzlar bilen doludygyny gördük.

9. Elbetde, bir (öň asmandan käbir) ýerlerde (perişdeleriň sözlerini ogrynça) eşitmek üçin oturýardyk. Indi häzir (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salam pygamber edilip iberilen- lerinden soň) bolsa, kim (ýagny, haýsy jyn ogrynça) eşidäýse, özüni synlap duran bir (uçar) ýyldyzy görer.

10. Elbetde, biz Ýerdäki kişilere (Alla tarapyndan) ýamanlyk erada edildimi ýa-da Perwerdigäri olara dogrulyk-ýagşylyk erada etdimi, bilmeris".

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlardan mälim bolýar ki, Muhammet alaýhy-s-salam pygamber edip iberilmezinden öň, ýigit döwründe jynlar asman habarlaryny ogurlap, käbir jady-palçylara ýetirmek bilen meşgul bolýar ekenler, (Bu hakda "Hijr" süresiniň 18 aýatyna berlen düşündirişde doly aýdylypdy). Emma Yslam dini gelip, Gurhan hasyl bolup başlandan soň,

jynlar üçin asmanyň ähli ýollary beklendi we ýokardaky aýatda jynlaryň özleri boýun aldy ki, olar Allanyň Ýerdäki bendeleri bolan ynsanlara nämäni, ýagny, ýagşylygy ýa ýamanlygy erada edişinden mutlaka - düýpden bihabardyrlar. Bes, jynlardan pena dilemek ýa-da olardan kömege garaşmak nadanlykdan özge närse däldir. Penany hem, najaty hem ýalňyz Alla tagalanyň Özünden soramak lazymdyr. Gurhan işbu aýatlar bilen mömin-musulmanlary her-nähili howsala, gümandan halas edýär. Aşakdaky aýatlarda jynlaryň dilinden hekaýat etmek dowam edýär.

11."Elbetde, biziň aramyzda ýagşylar hem bardyr we (şunuň dek) aramyzda onuň ýaly däller (ýagny, ýamanlar) hem bardyr. Biz (Gurhany eşitmezimizden öň) aýry-aýry ýollardadyk.

12. Elbetde, biz (Gurhany eşdenimizden soň) bildik ki, Ýer ýüzünde hergiz Allany ejizledip bilmeris (ýagny, diňe Allanyň erada eden işi bolar) we Ondan (ýagny, Onuň jezasyndan) gaçyp hem gutulyp bilmeris.

13. Elbetde, biz haçanda Hidaýaty - Gurhany eşitdik, oňa iman getirdik. Bes, kim ki Perwerdigärine iman getirse, diýmek, ol ýagşylygyň azalmagyndan hem, (ýamanlygyň) hetden aşyp gitmeginden hem gorkmaz (ýagny, Perwerdigäri oňa hergiz zulum etmez, belki, eden her bir amaly üçin mynasyp jeza-sylag bagyş eder).

14. Elbetde, biziň aramyzda musulmanlar hem bardyr we (şunuň dek) aramyzda (ýoldan) azanlar hem bardyr. Bes, kim ki musulman bolsa, diýmek, ana, şolar dogry ýoly maksat edinipdirler.

15. Indi (ýoldan) azanlara gelsek, bes, olar jähennem üçin odun bolan kimselerdir".

DÜŞÜNDIRIŞ. Ine, şu aýata gelip, iman getiren jynlar dilinden hekaýat soňlandy.

16-17. Elbetde, eger olar (Dogry)' ýolda dogry duranlarynda, elbetde, Biz olary synag etmek üçin bol ýagyş bilen suwarardyk. (Ýagny, olara bol-elin rysk bagyş ederdik). Kim ki Perwerdigäriniň zikrinden -Gurhandan ýüz dönderse, Ol ony gaty azaba ýollar.

18. Elbetde, (ähli) metjitler Allanyňkydyr. Bes, (metjitlerde) Alla bilen bile ýene bir kimsä-de doga-dileg etmäň!

19. Elbetde, haçan Allanyň bendesi (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salam) Oňa doga-dileg edip duranda, olar (ýagny, jynlar Gurhan eşitmek isleginde) onuň üstüne hüwmek bolup, ýakyn boldular.

20.(Eý, Muhammet, diniňizden gaýtmagyňyzy talap edýän kapyrlara) aýdyň: "Men diňe ýalňyz Perwerdigärime doga-dileg ederin we Oňa bir kimsänem şärik etmerin".

21. Aýdyň: "Elbetde, men size bir zyýan hem, bir dogry ýol hem bermäge eýe däldirin (dogry ýola salyjy hem, zyýan ýetiriji hem ýalňyz Alladyr)".

22. Aýdyň: "Elbetde, meni Alla(nyň, azabyn)dan (eger Oňa asylyk etsem) bir kimse-de hemaýat edip bilmez we Ondan özge penakär hem tapyp bilmerin.

23.(Men) diňe Alla tarapyn ýetirmäge we Onuň ilçilik wezipelerine (eýedirin)". Kim ki Alla we Onuň pygamberine asy bolsa, bes, elbetde, onuň üçin jähennem ody bardyr. (Onuň ýaly kimseler) şol ýerde baky galarlar.

24. Indi haçan olar özlerine wada edilýän azaby görenlerinde, bes, (şol wagtda) kimiň (ýagny, olaryň ýa-da möminleriňmi) ýardamçysynyň ejizdigini we sanagyň hem azdygyny biljekler!

25.(Eý, Muhammet, ol kapyrlara) aýdyň: "Men size wada edilýän azap ýakynmy ýa-da Perwerdigärim onuň üçin (uzagrak) mütdet beripmi;

bilmeýärin.

26.(Ol) gaýyby bilijidir. Bes, Öz gaýybyndan bir kimsänem habardar etmez.

27-28. Diňe Özi razy bolan pygamberini (Özüniň gaýybynyň syr-es-rarynyň käbirlerinden habardar eder). Bes, elbetde, Ol (Alla) pygam-berleriň (Perwerdigäriniň) ilçilik wezipelerini (öz ymmatlaryna) doly ýetirendiklerini bilmek üçin (Özüniň gaýybyndan habardar edip goýan her bir pygamberiň) öňünden hem, yzyndan hem gözegçilik edýän (perişde) ýollar. Ol (pygamberler) huzuryndaky bar närsäni (ýagny, olaryň ylymu-amallaryny) bilip goýandyr we (gökdäki) her bir närsäniň sanawyny hasap-kitap edip goýandyr".

73. MUZZAMMIL SÜRESI

Bu süre Mekgede inderilen bolup, ýigrimi aýatdan ybaratdyr. "Ýa aýuhal - muzzammil - Eý, (geýimlere) çolanan!" diýip, Muhammet alaýhy-s-salama ýüzlenmek bilen başlanýan bu sürede deslap pygamberimiz gijelerini tagat-ybadat edip, bidar geçirmäge we şonuň bilen birlikde, inderiljek "Agyr Söz" - Kelemyllany adamzada ýetirmek üçin ruhy taýýarlyk görmäge buýrulýar. Soňra oňa Mekge müşrikleri tarapyndan ýetýän dürli azar-ez-ýetlere sabyr-takat etmegiň we olardan ýüz döndermegiň lazymdygy aýdylyp, ol müşriklerden Alla tagalanyň özüniň öç aljagy bildirilýär.

Süräniň soňunda Alla tagalanyň möminlere bagyş eden ýeňillikleri -merhemetleri beýan edilip, olara tagat-ybadatda üstün bolmak buýrulýar we bu durmuşy dünýäde edip öten her bir ýagşy amalyň sogap-sylagyny ahyretde, Alla tagala huzuryndan kemsiz - doly, artygy bilen tapjakdyklary hakynda habar berilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2-3-4. Eý, (geýimlerine) çolanan, gijesi (bidar bolup namazda) duruň! Diňe azajyk - onuň (gijäniň) ýarymynda (uklap dynç alyň) ýa-da (ukyny gijäniň) ýarymyndan hem biraz kemeldiň, ýa-da ony (biraz) zyýada ediň (ýagny, gijäniň ýarymyndan köpräginde uklap, dynç alyň) we Gurhany tertip bilen (ýagny, däne-däne edip) tilewat ediň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda pygamber alaýhy-s-salama gijäniň ýarymyny ýa-da üçden ikisini ýa-da üçden birini bidar bolup, tagat-ybadat bilen geçirmek hem-de Gurhany kerimi howlukmazdan, mazmun-täsirine üns berip, tilewat etmek buýruldy. Bu aýatlaryň hasyl bolmak sebäpleri hakynda dürli rowaýatlar döräpdir. Olaryň birinde aýdylyşyça, pygamber alaýhy-s-salam Kureýş kapyrlarynyň toplanyp, Yslam dinine we pygamberiň özüne garşy her-hili mekir-hile rejelerini düzýänliklerinden habar tapandan soň, gamgyn bolup, geýimlerine çolanyp, ýaňy uka gidende, Jebraýyl perişde bu aýatlary getirip, olarda

pygamberimize häzir uky wagty däldigi, belki, gijäni tagat-ybadat bilen bidar geçirip, barça älemler Perwerdigäri tarapyndan hasyl edilýän ylahyý Gollanmany –Gurhany däne-däne edip okap, adamlara ýetirmegiň wagtydygy düşündirildi.

5. Megerem, Biz size agyr Sözi - Gurhany inderjekdiris.

6. Elbetde, gijesi (ybadat üçin bidar bolup) durmak (gijäniň uky-dynç-aram bolany sebäpli) juda agyr ýükdür we (ýöne ol wagta gündizki şakyr-şukurlaryň bolmaýandygy üçin) iň dogry sözdür.

DÜŞÜNDIRIŞ. Gije sukunatynda ybadat edýän kişi Gurhany hem azaşman tilewat edýär, doga-dileglerini hem huzury kalp bilen hatasyz edýär we bu wagtda özgeler ukuda - gaflatda bolany üçin onuň eden ybadaty — okan namazy ýalňyz Alla üçin bolýar.

7. Elbetde, size gündiz uzyn-dynuwsyz meşgulat bardyr (şu sebäpli, gijeleri bidar bolup, ybadat ediň).

8. Perwerdigäriňiziň adyny (mydam) ýat ediň we Oňa bütinleý berlip, (çyn yhlas bilen bendelik ediň)!

9.(Ol) maşrygyň we magrybyň Perwerdigäridir. Hiç hili ylah ýok, diňe Onuň Özi bardyr. Bes, siz (özüňiz üçin) diňe Ony wekil, goragçy ediniň!

10. We olaryň (müşrikleriň) aýdýan sözlerine (berýän azarlaryna) sabyr ediň hem-de oňatlyk bilen terk ediň!

11.(Sizi) ýalançy edýän ol ili, maly-dünýäleri bilen Maňa goýuň, we olara azajyk (Kyýamata çenli) möhlet beriň!

12. Şek-şübhesiz, Biziň dergahymyzda (kapyrlar üçin taýýarlanyp goýlan) gandallar we (olary keýdürip azar berjek) otly dowzah bardyr!

13. We (damaga) dykylýan (iriň we gan kibi) "tagam" hem-de içýakyjy agyr azap bardyr!

14. Ol günde Ýer we daglar titremä düşer we ol daglar dökülip duran gum depelere öwrülip galar!

15.(Eý, Mekge ili), hakykatdan, Biz edil Firawuna pygamber iberişimiz ýaly, size hem (eger bu durmuşy dünýäden küfru-isýan bilen geçseňiz,Kyýamat gününde) siziň zyýanyňyza güwälik berýän bir pygamberi (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salamy) iberipdik.

16.(Şonda) Firawun (Musa) pygambere etagatsyzlyk edenden soň, Biz ony gaty tutuş bilen tutduk (ýagny, deňze gark edip goýberdik).

17. Bes, eger siz kapyr bolsaňyz, (öz gorkunjy bilen) çagalar(ň saçlaryny agardyp) garrylara öwrüp goýýan Gün(üň azabyn)dan nähili saklanarsyňyz?!

18. Ol (gorkunçly Gün) sebäpli asman hem ýaryljakdyr! (Allanyň) wadasy amala aşjakdyr!

19. Elbetde, işbu (aýatlar) bir ýatlatmadyr. Bes, kim islese (bu nesihatdan ybrat alyp) Perwerdigärine ýol tutar.

20. (Eý, Muhammet), elbetde, Perwerdigäriňiz we siz we siz bilen bile bolan kişilerden ybarat taýpa (ýagny, sahabalaryňyz käte) gijäniň üçden ikisinden azragynda, (käte) onuň ýarymynda we (käte) üçden birinde (bidar bolup, namazda) durýanlygyňyzy biler. Gije we gündiz (sagatla-ryny) Alla belgilär. Ol (pasyllar üýtgemegi bilen gijeleriň hem uzyn-gysga bolup durmagy sebäpli, siziň ol gijelerde bidar bolmagyňyz üçin gerek bolan sagatlaryň) sapagyna ýetip bilmejekligiňizi bilip, size gaýtadan ýeňillik berdi. - Indi (gijeler namazyňyzda) Gurhandan miýesser bolan mukdarda okaberiň. Ol siziň araňyzda (gijeleri bidar bolmaga kuwwaty ýetmeýän) bimarlaryň bolmagyny, başgalaryň Allanyň fazly-merhemetinden (rysky-ruz) isläp, Ýer ýüzünde (ýagny, onuň dürli taraplaryna) sapardadygyny we ýene başgalaryň bolsa, Alla ýolunda söweşe çykyp gidýändiklerini bildi. Bes, (özüňizi gynaman, Gurhandan)

miýesser bolan mukdarda okaberiň. We namazy doly eda ediň, zekaty (hakdarlara) bagyş ediň we (biçäre-misginlere haýru-sahawat etmek bilen) Allaga karzy üzüň! Özüňiz üçin beren her bir ýagşylygyňyzy (Kyýamat güni) Allanyň huzurynda ýene-de ýagşyrak we beýigräk sogap-sylag ýagdaýynda taparsyňyz. Alladan magrypat soraň! Elbetde, Alla magrypatly, mähribandyr.

74. MUDDASSIR SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen. Ol elli alty aýatdyr. Bu sürede hem edil owalky sürede bolşy ýaly söz esasan, pygamber alaýhy-s-salam şahsyýetine degişli bolup, deslapky aýatlarda pygamberimize din ýoluna başlamak ýüküni öz üstüne almak emr edilýär we bu ýolda kapyrlar tarapyndan özüne ýetýän azar-ezetlere Alla üçin sabyr-takat etmek buýrulýar.

Süre dowamynda Kyýamat gününde kapyrlar üçin aňsat bolmaýandygy takyklanýar we olardan biriniň etmişi doly paş edilýär. Soňra kapyrlara wada edilen dowzah we onuň goraýjy - hadymlarynyň sanaglary dogrusynda söz ýöredilip, bu sanagyň diňe synamak üçin aýdylanlygy beýan .edilýär. Bu süreden jennet ilíniň dowzahylar bilen edýän sowal-jogaplary hem orun alandyr. Süre Mekge müşrikleriniň Hak ýoluna ýörmeýänliklerinden gamgyn bolan pygamber alaýhy-s-salama her işiň Alla tagalanyň isleg-eradasy bilen bolýandygyny bildirilip, teskin-teselli bermek bilen netijelenýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Eý, (ýorgana) bürenen, turuň-da, (ynsanlara ahyret azabyny) ýetiriň.

DÜŞÜNDIRIŞ. Sahabalardan Jabyr ibn Abdullah (Alla ondan razy bolsun) rowaýat edişi boýunça, pygamber alaýhy-s-salam ýokardaky aýatlaryň hasyl boluşy dogrusynda şeýle diýen: "Men bir gün ýolda gidip barşyma asmandan bir owaz eşitdim. Başymy göterip seretsem,- öz-özünden men Hyra gowagynda ekenim. Alnymda bolsa, perişde asman bilen ýeriň ortasynda boşlukda bir kürsüde otyr. Bu halaty görüp, gorkup, ýere ýykyldym we galdyryp, sandyrap öýe ýetip gelip "Meni basyryň, meni çolap goýuň" diýdim. Indi ýorgana bürenip ýatyrkam, maňa "Eý (ýorgana) bürenen" diýip başlanan aýatlar hasyl boldy".

3. Ýalňyz Perwerdigäriňizi beýikläň!

4. Lybaslaryňyzy päk tutuň!

5. Butlardan yrak boluň!

6.(Berýän närsäňizi) köp sanap, yhsan etmäň!

7. Ýalňyz Perwerdigäriňiziň (didary) üçin (kapyrlar tarapyndan ýetýän azarlara) sabyr ediň!

8-9. Çünki, haçan (Kyýamat kaýym boljagy hakynda habar berip) sur çalnanda, ana, şol Gün kyn Gündür!

10. Kapyrlara aňsat bolmadyk (Gündür)!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda Alla tagala Öz pygamberini borjundaky pygamberlik wezipesini sabyr-takat bilen eda etmäge 'çagyryp, oňa ýakynda din ýoluna gabyl bolan kimseler üçin kyn bir Günüň - Kyýamatyň gelşi dogrusynda habar berdi. Indi, aşakdaky aýatlarda şol kapyrlardan biri bolan Walid ibnu-l-Mugyýranyň Gurhana we pygamber alaýhy-s-salama garşy eden etmişleri we onuň tapjak akybeti hakynda söz barýar:

11.(Eý, Muhammet), Meniň sopbaş (ýekebaş) ýaradan kimsämi Özüme goýuň!

12-13. Men oňa bol mal-döwlet we (hemişe ýanynda) häziru-näzir ogullary (bagyş) etdim.

14. Ýene oňa (durmuşyň ähli nygmatlaryny) golaý edip goýdum.

15. Soňra ol ýene zyýada etmegi tama eder.

16. Ýok, (onuň tamasy bihuda-biderekdir)! Çünki, ol Biziň aýatlarymyza garşydyr.

17. Ýakynda Men ony bir äpet daşa (ýagny, geçip bolmaz böwede) duçar etjekdirin!

18. Çünki, ol (Gurhany eşdenden soň, bu ylahyý Kitaba nädip töhmet etmek dogru-synda) oýlandy, reje düzdi.

19. Heläk edilejek! Nähili reje düzdü-kä?!

20. Ýene heläk edilejek! Nähili reje düzdü-kä?!

21. Soňra ol (oýlan rejelerine) garady.

22. Soňra (Gurhandan birem aýyp tapyp bilmänden soň, mańlaýyny) dyryşdyrdy we (ýüzüni) bürüşdirdi.

23. Soňra (Hakdan) ýüz dönderdi we kibri-howa (men-menlik) etdi.

24-25. Bes, ol: "(Gurhan Allanyň sözi däl, belki) diňe (owalkylardan) nakl edilýän bir sährdir. Bu diňe adamyň sözüdir" diýdi.

26. Ýakynda Men ony Sakara (Sakar dowzaha) girizjekdirin!

27.(Eý, Muhammet), Sakaryň nämedigini siz nireden bilersiňiz?!

28. Ol (birem kapyry) galdyrmaz (belki, köýdürip-ýandyryp heläk eder)!

29.(Ol bäş ýüz ýyllyk aralykdan) ynsanlara anyk görnüp durýandyr.

30. Onuň üstünde on dokuz (perişde goragdadyr).

31. Biz diňe perişdeleri dowzah eýelerine - goragçylary etdik we Biz diňe kapyr bolan kimseleri synamak üçin Ol (perişde)leriň sanyny (on dokuz) etdik. Täki kitap berlen kimseler (ýagny, ýahudy we nasranylar özleriniň ylahyý kitaplary bolan Töwratda we Injilde hem dowzah goragçylary bolan perişdeleriň sanynyň on dokuzdygynyň, aýdylandygyny görüp, Gurhanyň Alla tarapyn hasyl edilen Hak Kitapdygyny) anyk bilerler we iman getirenleriň imanlary bolsa, ýene-de zyýada bolgaý hem-de kitap berlen kimseler hem, möminler hem (dowzah goragçylarynyň sany dogrusynda) şek-şübhe etmegeýler. We täki kalblarynda merez bolan kimseler we kapyrlar: "Muny mysal etmek bilen (ýagny, perişdeleriň sanyny on dokuz etmek bilen) Alla näme diýmekçi?"

diýerler. Alla Özi islän kimseleri, ine, şeýle ýoldan azdyryp goýar we Özi islän kişileri hidaýat eder. Perwerdigäriňiziň goşunlaryny (ýagny, perişdeleriň näçe sandadygyny) we nähili sypatdadygyny ýalňyz Onuň Özi biler. Ol (ýagny, işbu aýatlarda taryplanan jähennem diňe ynsanlaryň) pent-nesihat almaklary üçin bir ýatlatmadyr.

32. Şeýlelikde, hakykatdan Aýa kasam,

33. Geçip giden gijä kasam,

34. Atyp gelýän daňa kasam ki,

35-36-37. Elbetde, ol (jähennem ähli) ynsanlar üçin siziň araňyzdaky (ýagşylyk we tagat-ybadat tarapa) yňdarylýan ýa-da (küfru-isýan tarapa) çekilýän kişiler üçin duýdyryjy bolan çuň (bela)lardan biridir.

38. Her bir jan özi (durmuşy dünýäde) kesp eden amaly sebäpli (dowzahda) tutuljakdyr.

39. Diňe sag el eýeleri (ýagny, durmuşy dünýäde iman getirenlikleri we ýagşy amallar edenlikleri sebäpli, Kyýamat gününde namaýy-amallary sag ellerine berlen sagadatly kişiler dowzahdan) halas bolarlar.

40-41. Olar jennetlerde bir-birleri bilen (dowzaha taşlanan) jenaýatçy-kapyr kimseler hakynda sowal-jogap edişerler.

42.(Olar dowzah iline): "Sizi näme Sakara girizdi?" (diýenlerinde);

43. Olar aýdarlar: "Biz namaz okamandyk,

44. Misgin-biçäre (kimselere) tagam hem bermedik.

45. Biz (batyl-bihuda sözlere) gark bolan kimseler bilen bile gark bolduk (ýagny, Gurhan we pygamber dogrusynda töhmet-ýalanlar toslaýardyk).

46-47. Tä bize anyk (ölüm) gelinçä biz Jeza - Kyýamat gününi ýalan diýerdik".

48. Indi aklawçylaryň aklawy (hem) olara peýda bermez!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, Kyýamat gününde durmuşy dünýäde kapyr bolup öten kimssler özleri üçin birem aklawçy tapyp bilmezler we eger, meselem, Ýer ýüzündäki barça adamlar olary aklasa-da, bu aklaw olara peýda bermez! Ýokardaky aýatlarda kapyrlaryň tapýan akybetleri zikr edildi. Indi aşakdaky aýatlarda olaryň Hakdan ýüz dönderişleri dogrusynda bir ybratly mysal getirildi.

49-50-51. Näme üçin olar edil şirden gaçan gorkak eşekler kimin bu Ýatlatmadan - Gurhandan ýüz dönderdiler-kä?!

52. Ýok, (olar hiç haçan Gurhan aýatlaryna gulak tutmazlar, belki) olardan her bir kimse özüne açyk sahypalar berilmegini islär!

DÜŞÜNDIRIŞ. Mekge müşrikleri Muhammet alaýhy-s-salama: "Täki sen biziň her birimize asmandan ýörite özbaşdak sahypa getirýänçäň we ol sahypada her birimize Alla tarapyn saňa eýermek buýrulanyny okap görýänçäk, saňa iman getirmeris" diýenlerinde, işbu aýaty Kerim hasyl boldy.

53. Ýok, (olaryň kapyr bolmaklyklaryna sebäp, asla olara açyk sahypalar berilmänligi däl) belki, olar ahyret(ýe iman getirmeýärler we onda bolýan azap-ukubat)dan gorkmazlar (we şu sebäpden, Gurhandan ýüz döndererler).

54. Hawa, elbetde, ol (Gurhan) bir ýatlatmadyr.

55. Bes, isläń kişi ondan ýatlatma - ybrat alar.

56. Olar ýalňyz Alla isläninde, diňe (Gurhandan) ýatlatma - ybrat alarlar. Ol (Alla) takwa eýesidir (ýagny, bendeleriniň Ondan gorkmagy lazymdyr) we (Ol Alla takwa bendeleri üçin) magrypat eýesidir.

75. KYÝAMAT SÜRESI

Bu süre hem Mekge sürelerinden bolup, kyrk aýatdan ybaratdyr. Süräniň adyndan mälim bolup durşy ýaly, onda söz, esasan, Kyýamat güni we gaýtadan diriliş hususynda barýar. Deslapky aýatlarda Alla tagalanyň häli her bir ynsanyň süňklerini ýygnap toplamaga, belki, onuň barmaklaryna çenli dikläp, bitin etmäge kadyrdygy aýdylandan soň, ana, şol Kyýamat güniniň alamatlary zikr edilýär we ol Gün gelenden soň, bir ynsanyň hem Alla tagalanyň adalatly jezasyndan gaçmaga jaý tapyp bilmän galýanlygy hakynda habar berilýär. Şeýle hem, bu sürede pygamber alaýhy-s-salama hasyl bolýan wahyýny nähili kabul edip almagyň lazymlygyny tälim berýän aýatlar kändir.

Süre dowamynda dünýäniň keýpi-sapasyna berlip, ahyreti undup barýan kimselere temmi berlip, ol Günde ynsanlaryň iki taýpa – Perwerdigäriniň didaryna ýeten sagadatly ynsanlara we ýüzleri gara betbagtlara bölünýändikleri dogrusynda duýdurylýar hem-de ajal ýetip, ölüm sagady gelen wagtynda, jan teslim berýän kişiniň duçar bolýan elhençlikleri beýan edilýär.

Süre gaýtadan dirilmegiň hakdygy dogrusynda bir ybratly-akylly delil getirmek bilen hatym edilýär - netijelenýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Men Kyýamat gününe kasamýat edermen,

2. We Men melamatgöý nebse kasam içermen ki, (hiç şek-şübhesiz, gaýtadan dirilip, hasap-kitap edilersiňiz)!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty Kerimdäki "melamatgöý nebis" öz eýesi Alla tagala ybadat etmekde kasyrlyk-biperwaýlyk etse, melamat edýän nebisdir. Umuman, Gurhanda nebis kelemesi üç hili sypat bilen gelýär:

1."Nebsi ammara" (Ýamanlyk-günä) buýrujy nebis (Ýusup süresi 53 aýat).

2 Melamatgöý nebis,

3. Hatyrjem-sakyn nebis (Fajr süresi, 27 aýat).

3. Ynsan Bizi onuň (çüýräp, topraga öwrülip giden) süňklerini hergiz toplap bilmez diýip güman edermi?!

4. Ýok, Biz onuň barmaklaryny (hem) dikläp - ýerine getirmäge kadyrdyrys!

DÜŞÜNDIRIŞ. Alla tagalanyň Kyýamat gününde her bir ynsanyň barmaklaryna çenli dikläp, asyl halyna getirişi hakyndaky habardan iki närsäni aňlamak mümkin: birinjiden, şeýle kiçijik näzik barmaklary diklemäge kadyr bolan zadyň başga süňk-süýekleri hem dikläp biljegi şübhesizdir. Ikinjiden, Kyýamat kaýym bolanda, her bir bende durmuşy dünýäde edip öten ähli ýagşy-ýaman amallaryna jogap berende, onuň barmaklary bitin bolmagy öte möhümdir. Çünki, dünýädäki hiç bir kişiniň barmak yzy ikinji kişiniň barmak yzyna meňzemeýär. Bu hakykaty ylym öwrenip, subut etmänkä, näçe asyr öň Gurhany Kerimiň bir agyz söz bilen aýdyp goýanynyň özi ähli ynsany her bir barmagyna çenli ýaradanyň hem, işbu eziz Kitaby ibereniň hem ýalňyz Alladygyna açyk delildir! Şunlukda, edilen ähli ýagşylyk hem, ýamanlyk hem adalat terezisinde ölçelip, özüniň sylagyny ýa-da jezasyny alýan Gününde her bir barmak öz eýesiniň durmuşy dünýäde edip öten kylmyşlaryna janly şaýat bolýany şübhesizdir.

5-6. Belki, ynsan öňünde (geljekki durmuşynda hem) pysky-pujur (günä amallary) etmegi isläp: "Kyýamat gününiň özi haçan?" diýip sorar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Imansyz kimseler ýaman amallar etmekden gaýtaryl-sa, olar özleriniň öwrenişen pysky-pujurlaryndan aýrylaslary gelmän, "Kyýamata çenli häli juda uzak, garranymyzda eden günälerimize toba-tagsyr ederis" diýýärler. Aşakdaky aýatlarda, ana, şeýle kimseleriň Kyýamat günündäki ahwaly teswirlenýär.

7-8-9-10. Bes, (gören elhençliklerinden) göz gamaşyp, (asmandaky) Aý hem tutulan hem-de Güneş we Aý birleşdirilen wagtda - ana, şol Günde ol ynsan: "(Bu bela-apatlardan) nirä gaçyp gutulmak

mümkin(kä)?" diýer.

11. Ýok! (Eý, ynsan, Allanyň azabyndan gutarýan birem gaçybatalga ýokdur!).

12. Ol Günde ýalňyz Perwerdigäriň (höküm eden jaýynda) karar tapmak bardyr!

13. Ol Günde ynsana (durmuşy dünýäde wagtynda) edip öten we (özünden soň) galdyran (ähli) närseleriniň (ýagny, ýagşy-ýaman amallarynyň) habary berler.

14-15. Belki, (ol Günde) ynsan - eger öz üzür-bahanalaryny (orta) taşlasa - getirse-de, (onuň ähli agzalary) onuň zyýanyna güwälik berýändir!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, ynsan durmuşy dünýäde wagtynda her hili öňbaşçysyny öz dili-sözi bilen aldap gitmegi mümkin, emma Kyýamat gününde ýalňyz Alla tagalanyň öňbaşçy bolan wagtynda, ynsanyň söze çeperligi bikär-bipeýda bolup galýar. Çünki, ol Günde ynsan özüni aklamak üçin nähili sebäp-bahanalar tapsa-da, Alla tagala tarapyn onuň bedenindäki ähli agzalaryna dil bagyş edilip, olar öz eýeleriniň edip öten günälerine güwälik berýärler. Bu aýatlarda Kyýamat güni we ynsanyň ol Gündäki hal-ýagdaýy teswirlenenden soň indi söz Gurhana we onuň aýatlaryny Jebraýyl perişdeden kabul edip almak meselesine geçýär. Pygamber alaýhy-s-salam özüne wahyý bolýan wagtda bir kelemäniň hem ýadyndan çykyp galmazlygy üçin lebini gymyldadyp, tekrarlap durýardy, Işbu aýatlarda oňa beýle etmegiň hajaty ýokdugy aýdyldy.

16.(Eý, Muhammet, Gurhany) tiz (ýat) beklemek üçin diliňi onuň (sözi) bilen gymyldatmak-pyşyrdamak gerek däl.

17. Elbetde, ony (siziň kalbyňyzda) jemlemek hem, (diliňizde) kyrat etdirmek hem Biziň borjumyzdadyr.

18. Bes, haçan Biz (ýagny, Jebraýyl perişdäniň gatnaşygynda) ony (ýagny, her bir wahyýny) okap bitirenimizden soň, siz hem ony

okamaga çalşyň!

19. Soňra ony Gurhany beýan edip bermek hem, elbetde, Biziň borjumyzdadyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, Alla tagala Öz kelamyndaky düşünip, many-syna ýetmek müşgil bolan käbir aýatlary pygamber alaýhy-s-salama aňlatmak kefalatyny hem Öz borjuna alyp, pygamberimizi hatyrjem edýändir. Ine, şu aýatlar gelenden soň, resulyllah wahyý hasyl bolýan wagtda başyny aşak egip, lal-jim oturýan we haçanda wahyý getiren Jebraýyl alaýhy-s-salam gidenden soň, hasyl edilen aýatlary okap bildi. Aşakdaky aýatlarda söz ýene Kyýamat gününi ýalan diýýän kimselere we ol Günüň ahwalyny teswirlemäge gaýdýar.

20. Ýok, (eý, Mekge müşrikleri, siziň güman edişiňiz ýaly gaýtadan diriliş we hasap-kitap bolmadyk närseler däldir)! Belki, siz nagt (dünýän)i ýagşy görersiňiz;

21. Ahyret (günün)i bolsa, terk edersiňiz (ýagny, ahyret üçin amal Etmeýärsiňiz)!

22-23. Ol Günde (möminleriň) ýüzleri ýagtylyp, açylyp, Perwer-digärine bakyp durar!

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, jennet ili üçin Perwerdigäriň didaryna ýetmekden söýgüliräk bir närse-de ýokdur. Şonuň üçin hem Ýaradana bakanlarynda, olaryň ýüzleri ýene-de açylyp, nura dolmagy tebigy haldyr. Sahyhul - Buharyda waryt bolan, ine, bu hadysy-şerip hem bu aýaty-Kerimiň mazmunyny takyklaýar: "Elbetde, siz ýakynda Perwer-digäriňizi edil, ine, şu doly Aýy görüp duruşyňyz ýaly, açyk-aýan görersiňiz".

24-25. We ol Günde kapyrlaryň ýüzleri bürüşip, özlerine, elbetde, biliňi syndyryjy (bir bela) geljegini oýlap, garaşyp durar!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda Kyýamat gününde kişiler, elbetde, iki topara - sagadatlylara we betbagtlara bölünýändikleri hakynda habar berlenden soň, aşakda ynsanlaryň dünýä howlusyndan ahyret diýaryna göçüşleri -

jan tabşyryş sagatlary örän janly görnüşde teswirlenýär.

26-27-28-29-30. Hakykatdan, (jany) bokurdagyna gelen (wepat edýän kimsäniň töwere- gindäkiler tarapyndan) "Dem salyp okaýan bir kişi barmy?" diýilýän (jan teslim edýän kimsäniň) özi (bu halatyň durmuşy dünýäden) aýrylyşdygyny aňlan we (jan beriş kynlygyndan) aýak aýaga çolaşýan wagtda - ana, şol günde ýalňyz Perwerdigäriňiziň huzuryna kowulmak bardyr!

DÜŞÜNDIRIŞ. Dünýäde ýaşamak sagady bitip, ajaly ýeten her bir kişiniň tapan bala-çagasyny hem, mal döwletini hem, şanu-şöhratyny hem terk edip, ýalňyz halda Alla tagala huzuryna kowulmagy bardyr, diýmek, Ýaradana ak ýüz bilen garşy"aşmak üçin durmuşy dünýädäki her bir demi iman-ygtykat we ýagşy amallar etmek bilen geçirmek gerek. Emma akly gysga ynsan bolsa...

31. Ne (Gurhany we pygamberini) tassyk etdi we ne namaz okady!

32. Belki, ol (Gurhany) ýalan diýdi- we (imandan) ýüz dönderdi.

33. Soňra (ine, şu kylmyşlaryndan utanmaga derek) gomparyp, öz maşgalasyna tarap gitdi!

34.(Eý, gapyl ynsan), hasrat saňa, hasrat!

35. Soňra ýene hasrat bolsun saňa, hasrat!

36. Ynsan özüni (bu dünýäde dinu-imana buýrulmazdan, ahyretde bolsa, gaýtadan dirilip, hasap-kitap edilmezden) bikar taşlap goýlar öýdermi (tama edermi)?!

37. Eýsem, ol (ýatga) dökülýän jynsy suwuklykdan bir (azajyk) nufta (tohumlyk) dälmidi?!

38. Soňra lahta (goýy) gan boldy. Bes, (Alla ony) ýaradyp, şekil (ynsan) kyldy.

39. Soň ondan erkek we aýal jübütlerini (peýda) kyldy.

40. Ana, şu (Alla) ölenleri diriltmäge kadyr dälmi?!(Elbetde, Alla muňa kadyrdyr!)

76. YNSAN SÜRESI

Medinede hasyl bolan bu süre otuz bir aýatdan jem tapandyr. "Ynsan" diýip atlandyrylan bu süräniň owalynda Alla tagalanyň ynsan zatyny nähili görnüşde ýokdan bar edendigi we ony durmuşa ýollandygy dogrusyndaky aýatlar zikr edilenden soň, dünýäden kapyrlyk bilen ötýän kimseleriň ahyret Gününde tapjak akybetleri we ol Günde imanly adamlaryň gazanýan sagadatynyň ebedilikdigi hususynda doly habar berilýär. Soňra Muhammet alaýhy-s-salama düşündirilip, oňa Gurhany Kerimi hasyl eden Perwerdigäriň hökümine sabyr-takat edip, öz boýnundaky pygamberlik wezipesini eda etmek we din duşmanlaryna etagat etmezlik hem-de gije-gündiz Ýaradany ýatlamak bilen tagat-ybadata meşgul bolmak emr edilýär.

Süre Gurhan aýatlarynyň diňe bir ýatlatmadygyny we islän kişiler bu ylahyý ýatlatmadan pent-nesihat alyp, Alla tagala tarap ýol tapyşlaryny takyklamak bilen netijelenýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Anyk ki, ynsanyň üstüne zamandan ol dile alarlyk bir närse bolmadyk wagt-müddet hem gelendir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty Kerimi taryhçylar iki hili teswir edenler. Birinji teswir: Alla tagala Ýer ýüzündäki ähli möwjudaty -barlygy we ondaky durmuş geçirmäge muwapyk yklymy Ynsan üçin ýaradandyr. Emma Alla, ine, şu älemi ýaradanyndan tä Adam alaýhy-s-salamy ýaradyp, oňa jan bagyş edinçä aradan öten uzyn bir müddetde ynsan atly, Ýer ýüzünde Ýaradanyň halypasy boljak janzadyň dünýä geleni zikr edilmändi - dile alynmandy. Ikinji teswir: adamzat ene garnynda peýda bolanyndan başlap, tä ynsan şekline girip, oňa jan bagyş edilýänçä, geçen mütdetde ol owal nufta (döl), soň lahta gan, soňra bir bölek et diýip atlandyrylýar, emma ony häli ynsan diýilmeýär. Anyk ki, her bir ynsan tä eneden dünýä gelýänçä, ine, şu söwdalary öz başyndan geçirendir.

2. Hakykatdan hem, Biz ynsany (kemalata ýeteninden soň, şerigat teklipleri bilen) synag ediji bolan halymyzda (atalyk we enelik suwlaryndan) garyşyk bolan bir nuftadan ýaratdyk. Bes, ony (Biziň aýatlarymyzy diňlemek we älemdäki Biziň barlygymyza delalat edip duran alamatlary görmek üçii) eşidýän, görýän edip goýduk.

3. Hakykatdan hem, Biz ony (ynsany) hala ol şükür ediji – musulman bolsun we hala başyna giden kapyr bolsun (Dogry) ýola hidaýat etdik (ýagny, şükür edijiler Biziň olara hidaýat eden Dogry ýolumyzy - Hak dini mäkäm tutýarlar, kapyr kimseler bolsa, özlerine görkezilen Dogry ýoldan ýüz dönderip gidýärler).

4. Elbetde, Biz kapyrlar üçin zynjyr kişenleri we (dowzah) oduny taýýarlap goýandyrys!

5-6. Elbetde, (durmuşy dünýäden Alla tagalanyň emru-permanlaryna etagat edip öten) ýagşylar (jennetde) mijazy garyndysy kafur (köwser) Allanyň (ýagşy) bendeleriniň içýän (jenneti) çeşme bolan meýkäselerden (meý-şerap) içerler. Olar ol (çeşmäni özleri islän ýerden) çykaryp, akdyryp bilerler.

7. Olar (durmuşy dünýäde öz boýunlaryna alan) nezirlerini doly eda ederler we ýamanlygy howp-hatary daşa ýaýraýan (Kyýamat) gününden gorkarlar.

8. We tagamy küýsäp-isläp dursalar-da, (özleri iýmezden) misgine, ýetime we ýesirlere hödür ederler (iýmitlendirerler).

> *9.(Olar aýdarlar): "Biz sizi ýalňyz Allanyň ýüzünden (razylygy bilen) tagamlandyrarys. Sizden (bu işimiz üçin) hiç hili sylag we minnetdarlyk islemeris-garaşmaýarys.*

10. Elbetde, biz Perwerdigärimiz tarapyndan bolýan (elhenç azabyndan ýüzler) çytylyp, bürüşip galýan bir Günden gorkýarys".

11. Bes, Alla olary şol günüň ýamanlygyndan saklady we olar(yň ýüzlerine) mähir-nur, (kalplaryna) guwanç bagyş etdi.

12. We olary sabyr-kanagatlary sebäpli, jennet we (jennetde eginlerinde bolýan) ýüpek (lybaslar) bilen sylaglady.

13. Olar ol jaýda sekilerde ýassanyp oturarlar. Olar ol jaýda Güneş(iň yssysyny) hem, gazaply (gyşyň sowugyn)y hem görmezler.

14.*(Jennet) saýalary olara ýakyn we miweleri hem (ýolup iýmek aňsat bolmagy üçin) egip goýlandyr.*

15-16. Olara kümüş gaplar oňa tagamlar) we özi kümüşden (ýasalan bolsa-da gözelliginden) çüýşe ýaly lowurdap duran bulgurlar(da şeraplar) aýlap durlar. (Ol şeraplary hyzmatkärler her kimiň islegine görä) ölçäp-belgiläp guýandyrlar.

17-18. (Jennet ili) ol jaýda mijazy - garyndysy ýakymly bolan meýkäseler - (jennetdäki) salsabil-ýokumly diýip atlandyrylýan çeşme-den suw içerler.

19. Olaryň üstünde baky ýaş (ýagny, hiç garramaýan) oglanlar (hyzmat edip) aýlanyp durarlar ki, olary gören wagtyňyzda (gözellikleri, reňkleriniň dup-durulygyndan we ýüzleriniň nurlylygyndan) seçip goýberilen merweritlermikä diýip oýlarsyňyz.

20. Ol jaýda, haçan seretseňiz, naz-nygmatlary we uly mülku-döwleti görersiňiz.

21. Olaryň üstlerinde ýaşyl ýüpek we şahy lybaslar bolup, olar kümüş bilezikler bilen bezenendirler. We Perwerdigäri olary örän päkize şerap bilen suwa ýakandyr.

22. Elbetde, bu (jennet we ondaky naz-nygmatlar) siz üçin sylag boldy we siziň oňat hereketleriňiz (Alla nazarynda, dergahynda) kabul boldy.

23.(Eý, Muhammet), elbetde, Biziň özümiz size bu Gurhany bölüp-bölüp inderdik.

24. Bes, siz Perwerdigäriňiziň hökümine sabyr ediň we olardan (kapyrlardan) birem günäkäre, biwepaga etagat etmäň!

25. We gije-gündiz Perwerdigäriňiziň adyny zikr ediň!

26. Ýene gijäniň bir böleginde hem Oňa sejde ediň we gijäniň köp wagtyny (bidar bolup) Oňa tesbyh aýdyň!

27. Elbetde, ana, ol (kapyrlar) nagty (nagt dünýäni) söýerler we yzlaryndaky agyr Güni (Kyýamaty) bolsa terk ederler (ýagny, ol Gün üçin bir amal hem etmezler).

28. Biz olary ýaratdyk we (barça) agzalaryny mustakam etdik we islän wagtymyzda (olary heläk edip, deregine) başgalary çalşyryp goýarys.

29. Elbetde, bu (süre) bir pendi-nesihatdyr. Bes, kim islese, (bu pendi-nesihatlary kabul edip), Perwerdigäri tarapa ýol başlar.

30.(Eý, ynsanlar), siz diňe Alla islän wagtda (Ol tarapa ýol başlamagy) islärsiňiz (ýagny, bir iş hem Allanyň isleg-eradasy bolmasa, bolmaz). Elbetde, Alla bilim we hikmet eýesidir.

31. Ol Özi islän kişileri (ýagny, möminleri) Öz rahmetine-jennetine girizer. Zalymlar üçin bolsa, agyr azaby taýýarlap goýandyr.

77. WAL-MURSALAT SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen bolup, elli aýatdyr. Süre Kyýamatyň kaýym bolmagynyň hakdygyny takyklaýan aýatlar bilen başlanyp, soňra ol Gün gelen wagtda ýüz berýän waka-hadysalar beýan edilýär. Bu sürede dinsizlik akybetinde bagtsyzlyga uçran owalky kowumlar hakynda habar berlip, adamlar iman-ygtykata çagyrylýar we her bir adamy Alla tagalanyň Öz gudrat goly bilen bir damja suwdan ýaradyp, kämil ynsana öwürendigi ýörite takyklanyp geçilýär.

Süre dowamynda Kyýamat gününi ýalan diýýänleriň, şol Günde bagtsyz-lyga duçar boluşlary bada-bat (süräniň on bir aýatynda) tekrarlanyp geçilýär. Süre özüniň ilki aýatynyň ady bilen "Wal-mursalat" - "Iberilen (şemallara) kasam" diýip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Nobatma-nobat iberilýän (şemal)lara, guduzlaýan (boran)lara kasam,

3-4-5-6-7. (Bulutlary Alla islän taraplara) ýaýyp goýberýän (hak bilen batyly we halal bilen haramy) aýryp berýän (mömin bendelere) üzür-magrypat etmek üçin ýa (kapyrlara ahyret azabyny) duýdurmak üçin ýatlatma - wahyý alyp düşýän (perişde)lere (ýagny, ýokarda bar bolan ähli närselere) kasam ki, hiç şek-şübhesiz, size wada edilen närse (Kyýamat we hasap-kitap) waka bolgaýdyr!

8. Bes, haçan ýyldyzlaryň (nurlary sönüp) öçürilenden soň,

9. We haçan asman (göbegi) ýarylyp-açylandan soň,

10. We haçan daglar (gum kibi) saçylandan soň,

11. We haçan pygamberlere (olary ýalançy eden kowumlary bilen hasap-kitap etmek üçin) belgilenen wagt gelenden soň (ana, şol wagtda wada edilen Kyýamat kaýym bolar)!

12.(Pygamberler öz kowumlary bilen hasap-kitap etmekleri) haýsy Güne bellenipdi?

13.(Hak bilen batyl) aýrylýan Güne (bellenipdir).

14.(Eý, ynsan), sen (hak bilen batyl) aýry bolýan Günüň nämedigini nireden bilersiň?!

15. Ol Günde (şol Güni) ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

16. Eýsem, Biz owalky (öz pygamberlerini ýalançy hasap eden ymmat)lary heläk etmedikmi?!

17. Soňra soňky (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salamy ýalançy hasap edýän Mekge kapyrlary we başga)lary hem olara tirkeşdireris!

18. Biz ähli jenaýatçy-kapyrlary, ine, şeýle (heläk) ederis!

19. Ol Günde (Şol Güni) ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

20. Eýsem, Biz sizi birazajyk suwdan ýaratmadykmy?!

21-22. Soň (suwy-nufta)ny mälim mütdete çenli (ýagny, aý-güni ýetip dogulynça) müstekäm (pugta) menzilgähde (ene garnynda berkarar) edip goýmadykmy?!

23. Bes, Biz (bir damja suwy kämil ynsan edip ýaratmaga) kadyr bolduk - şu dereje gudratlydyrys

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda ýene gaýtadan diriliş meselesi beýan edildi. Ine, bu hadysy-kudusiý hem ýokardaky aýatlara mynasyp teswirdir: Pygamber alaýhy-s-salam bir gün eliniň aýasyna tüýkürdi-de, sahabalaryna barmaklary bilen şol tüýküligi görkezip diýdi: "Alla tagala aýdar: "Eý, adam balasy, eýsem, Men seni edil, ine, şuňa meňzeş bir damja suwdan ýaratdym-a! Bes, sen Menden (ýagny, Kyýamat güni Meniň huzuryma ýygnanyp, hasap-kitap bermekden) nirä gaçyn gutularsyň?!"

24. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

25-26. Eýsem, Biz Ýeri dirileri hem, ölüleri hem ýygnaýjy edip goýmadykmy?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlardan zemine ýöne ýerden ene diýilmeýändigi mälim bolýar. Şunlukda, ol dirileri öz egninde-üstünde göterip dursa, ölülere öz gujagyndan jaý berýär.

27. Ýene Biz (Ýerde) belent daglary (peýda) etdik we sizi (şol daglardan akyp düşýän) süýji suw bilen suwa ýakdyk.

28. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

29.(Ol Günde kapyrlara diýiler): "Siz (durmuşy dünýäde wagtyňyzda) ýalan diýen närsäňize (hasap-kitap we dowzah azabyna) baryň!

30-31. (Jähennemde ýanýan dowzahylardan göterilýän erbet ysly tüsseden ybarat, ýokary gitdigisaýyn bölünip giden) üç bölek, hiç hili salkynlyk bermeýän we (dowzah) ýalnyny hem saklaýan "saýa" baryň!"

32-33. Derwaka, ol (jähennem her tarapa her biri) minara dek, edil sary düýelere meňzeş uçgunlary atyp durar!

34. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

35-36. Bu (Gün) olaryň sözläp bilmeýän we olara üzür-geçirim soramaga idin berilmeýän Gündür!

37. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

38. Bu (hak bilen batyl) aýrylýan Gündür! (Eý, bu Güni ýalan diýýän kimseler, ine) Biz sizi hem, owalky (öz pygamberlerini ýalançy hasap eden)leri hem jemledik.

39. Ine, eger sizi (dowzahdan azat edýän) islendik bir hile bolsa, Maňa şol hiläňizi görkeziň hany?!

40. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

41-42. Takwalar bolsa, (Ol Günde) elbetde, saýa-salkynlarda, çeşmeler we göwünleri islän miweli baglar üstündedirler.

43.(Olara diýiler): "Edip öten (ýagşy) amallaryňyz sebäpli, (işbu jennet naz-nygmatlaryny) päk bilip, iýip-içiberiň".

44. Elbetde, Biz gözel amal edijileri, ine, şeýle sylaglarys.

45. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

46.(Eý, kapyrlar), azajyk wagt (ýagny, bäş günlük dünýäde akylsyz haýwanlar dek) iýip, peýdalanyp galyň! Elbetde, siz jenaýatçylarsyňyz!

47. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

48. Haçan olara: "Ruku ediň (ýagny, namaz okaň), diýilse, ruku etmezler!

49. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

50. Eýsem, olar (Gurhandan) soň, (ýagny, bibaha ylahyý mugjyza bolan şeýle eziz Kitaba iman getirmezden) nähili söze kitaba iman getirerler?!

78. HABAR SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen we kyrk aýatdan ybaratdyr. Gurhany Kerimiň soňky böleginiň ilki süresi bolan - bu süre "Naba" - "Habar" diýip atlandyrylan bolup, onda ölenden soň, gaýtadan diriliş, Kyýamat we ol Günde möminleriň ýetjek baky bagt-sagadaty hem-de kapyrlaryň duçar boljak azaplary hakyndaky habarlar öz şekilini tapandyr. Bu sürede Alla tagalanyň ylahyý gudratyna delalat edip durýan birnäçe hüjjetler getirilip, şeýle gudrat sahyby bolana Kyýamat gününde ölülere gaýtadan jan bagyş edip, diriltmegiň, juda aňsat işdigi takyklanýar we ol Gün "Hak bilen batyl aýrylýan Gün" diýip atlandyrylýar. Süre şol Günde Alla tagalanyň adyl, adalatly jezasyndan gaçmaga jaý tapyp bilmän, gaýtadan topraga öwrülmegi arzuw edip galýanlar dogrusynda habar bermek bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. (Müşrikler) bir-birlerinden näme hakda soraşýarlar?!

2-3. Olar öz şübhelenýän möhüm habarlary hakynda (ýagny, gaýtadan diriliş dogrusynda sowal-jogap edýändirler)!

4. Ýok, (olaryň, gümanlary bihudadyr) Olar ýakynda (bu habaryň hakdygyny) bilerler!

5. Ýene bir gezek ýok! Olar ýakynda bilerler!

DÜŞÜNDIRIŞ. Muhammet alaýhy-s-salam pygamber edip iberilenden soň, Mekge iline gaýtadan dirilmegiň hakdygy hakynda habar berende, käbir müşrikler bu habary inkär eden bolsalar, käbirleri oňa şübhe bilen garap, bir-birleri bilen şu hakda çekişip-dartyşyp başladylar. Şonda ýekardaky aýatlar hasyl bolup, olaryň beýle sowal-jogaplarynyň nädürüsligi we erte bir gün - Kyýamat kaýym bolandan soň, olaryň bu habaryň hakdygyny biljekdikleri, emma ol Günde olaryň bilenleri hem, toba-tagsyry hem peýdasyz bolup galjagy takyklanýar. Indi aşakdaky aýatlarda Alla tagalanyň gudratyny suratlandyrýan, ölen jesedi gaýtadan diriltmekde ýüze çykýan üýtgeşik we beýik ylahyý mugjyza -täsinlikler sanap ötülýär.

6-7. Biz Ýeri (ähli jandarlaryň mesgen tutup ýaşamaklary üçin) bir düşek, daglary bolsa (şol Ýeri saklap duryan) gazyklar edip goýmadykmy?!

8. Biz sizi jübüt-jübüt edip ýaratdyk.

9. Ukyňyzy (bedenleriňiz we beýniňiz üçin) aram-dynçlyk etdik.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, uky Alla tagalanyň iň uly nygmatlaryndan biridir. Şunlukda dünýädäki ähli janly-jandaryň ýolugan armak-ýadamak diýen bir derdi bar ki, bu derdiň ukudan başga dermany ýokdur. Belkem, ukusyzlyk derdine ýolugan kişini bir däri-derman bilen uklatmak mümkindir, emma, ine, şu ukyny döredýän zat agyr zähmet däl, belki, aram-rahat, dynç almak Ýaradanyň özünden özgäniň elinden gelmeýän permandyr.

10. Gijäni (öz tümlügi bilen ähli zady ýaşyryp duryan) lybas etdik.

11. Gündizi bolsa, dirilik (üçin belgilenen wagt) etdik.

12; Üstüňizde ýedi (gat) pugta-mustekäm (asmany) bina etdik.

13. We hemişe ýanyp duryan çyragy (ýagny, Güneşi peýda) etdik.

14-15-16. Ýene biz özünden (ýagyşy) sykyp çykarýan (bulut)lardan – şol (ýagyş) kömeginde däne we ir-iýmişler hem-de (gürlüginden ýaňa daragt-lary) bir-birine çyrmaşyp giden baglary öndürip-ösdürmek üçin bol suw - ýagyş ýagdyrdyk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda Alla tagala Özüniň gudratyny görkezip duryan dokuz açyk delili getiren soň, indi ýene owalky meselä -gaýtadan dirilmek meselesine gaýdylýar.

17. Elbetde, (hak bilen batyl, ýagşy bilen ýaman) aýrylýan Gün (hasap-kitap üçin) belgilenen wagt boldy.

18. Ol Günde sur çalnar, bes, siz top-top bolup (magşargähe) gelersiňiz!

19. Asman hem açylyp, (perişdeler düşüp gelýän) gapylara öwrüldi!

20. Daglar hem (orunlaryndan) süýşüp, (asmanda uçup ýören) tozga öwrüldi!

21-22. Elbetde, dowzahylaryň barjak jaýlary bolan jähennem (özüne oklanylýan kapyrlara) göz dikip durandyr.

23. Olar ol jaýda uzak zamanlar (ýagny, ömür-baky, ebedi) galýandyrlar!

24. Olar ol jaýda (jähennem odundan aram-dynç berýän) bir salkyny hem, bir içimligi hem datmazlar!

25. Diňe gaýnag suw we iriň (dadarlar)!

26.(Ine, şu olaryň kylmyşlaryna) ýaraşýan jezadyr!

27. Çünki, olar (Kyýamat günündäki) hasap-kitapdan umytsyz bolan kimselerdir.

28. Olar Biziň aýatlarymyzy bütünleý ýalan diýýärdiler!

29. Elbetde, Biz ähli närsäni hasap-kitap edip, ýazyp goýandyrys!

30. Bes, (eý, kapyrlar, Biziň azabymyzy) dadyp görüň! Indi Biz size diňe azaby zyýada ederis!

31. Elbetde, takwalar üçin (jennetde) najat menzili bardyr.

32. Ýene baglar we üzümlikler,

33.(Ýaş we husnu-jemalda) deň hoşsurat (hüýr)ler;

34. We (şerap bilen) doly meýkäseler bardyr.

35. Olar ol jaýda bir bihuda we ýalan sözem eşitmezler.

36-37-38. (Bu) Perwerdigäriňiz tarapyn - asmanlaryň we Ýeriň hem-de olaryň ortasyndaky bar närseleriň Perwerdigäri bolan

Mähriban tarapyndan (berlen) sylag, ýeterlik merhemetdir. Ruh (Jebraýyl) we ähli perişdeler sap-sap bolup durýan Günde, olar (ynsanlar) Ondan (Alladan gorkup) bir sözem aýtmaga kadyr bolmazlar. Olar sözläp bilmezler, diňe Ol Mähriban rugsat beren kişi (sözlär) we (diňe) rast sözi aýdar.

39. Bu hak-rast Gündür. Bes, kim islese, öz Perwerdigäri tarap gaýdýan ýoly tutar.

40.(Eý, Mekge kapyrlary), hakykatdan, Biz size ýakyn(da waka bolýan) azaby duýdurdyk. Ol Günde (her bir) kişi özi edip öten närsäni (ýagny, ähli ýagşy-ýaman amallary) görer we kapyr kimse: "Eh, käşgä indi (gaýtadan) topraga öwrülip gitsem, (muhakkak) ebedi hak (başyma düşýän azapdan gutulsam)" diýip galar.

79. WAN-NAZIAT SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bu süre kyrk alty aýatdan ybaratdyr. Bu süräniň başynda perişdeleriň adyna kasam içmek bilen gaýtadan dirilmegiň hakdygy takyklanýar we muny inkär eden müşrikleriň şol Günde nähili ýaman ýagdaýa düşjekleri hakynda habar berilýär. Soňra Mekge kapyrlarynyň garşylygyndan we kaýsarlygyndan azar çekýän pygamber alaýhy-s-salama teskin-teselli bermek üçin Musa pygamber hakynda hekaýat edilip, onuň hem Firawun we onuň adamlaryny Allanyň dinine çagyranlarynda melgunyň bu ýoly kabul etmäge derek, özüni hudaý diýip dawa edeni we Hak ýoluna garşy duranlygy netijesinde özüniň hem, adamlarynyň hem heläkçilige duçar bolanlyklary beýan edilýär. Süräniň soňunda ýene Kyýamat sagady hakyndaky meselä gaýdylyp, ol Günüň elhençliklerini gören wagtlarynda kapyrlaryň bu durmuşy dünýäde bir gün hem ýaşamadyk ýaly bolup galyşlary aýdylýar. Süre özüniň ilki aýaty "Wan-Naziat" -"Janalgyç perişdelere kasam" diýip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Kapyrlaryň janlaryiy bedenleriniň) iç-içinden gaty soguryp alýan (perişde)lere kasam,

2.(Möminleriň janlaryny aňsatlyk bilen) ýuwaş dartyp alýan (perişde)lere kasam,

3-4-5. (Asmanlar bilen Ýer ortasynda) arkaýyn ýüzüp, (öz boýunlaryndaky wezipelerini eda etmekde) howlugyp-ozup, (Allanyň buýran ähli) işiniň çäresini düzüp durýan (perişde)lere kasam ki, (siz, elbetde, gaýtadan dirilip, hasap-kitap edilersiňiz)!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda Alla tagala öz perişdeleriniň adyna kasam aýtmak bilen, öleňden soň, gaýtadan dirilmegiň we bu dünýäde edip geçilen her bir iş üçin hasap bermegiň bardygynyň habaryny berdi. Görüp otursak, Allanyň leşgeri hasaplanýan, san-sajagyny ýalňyz Ýaradandan özge hiç kim bilmeýän perişdeler Alla tagalanyň emr eden her bir işini eda

etmäge häziru-näzir bolup durýan ekenler. Hususan, ölüm perişdesi Ezraýyl we onuň kömekçileri tarapyndan bendeleriniň janlaryny almak sagady ybratlydyr. Hadysy-şeripde aýdylyşyça, olar kapyrlaryň janyny alanda, edil bedeniniň her bir agzasyndan myh-çüý sogran dek, azaplap alar ekenler, möminiň jany bolsa, onuň bedeninden, göýä daňylgy guluň ýüpden boşadylyşy dek, aňsat we rahatlyk bilen çykyp gider eken. Şonuň üçin hem, pygamber alaýhy-s-salam hemişe namazyndan soň: "Perwerdigär, bize ölüm mesligini (ýagny, jan çykar sagadyndaky muşakgaty) asan etgin" diýip doga edýärdi.

Indi aşakdaky aýatlarda ýokarda zikr edilen gaýtadan dirilmek sagadyndaky ahwal teswirlenýär.

6-7. Ol Günde (Suruň) birinji mertebe çalynmagy bilen titreýji (Ýer) titräp, (üstündäki bar janzat heläk edilýär), oňa tirkeşiji tirkeşer (ýagny, aradan kyrk sene öten soň, sur ikinji mertebe çalnyp, ähli närsä gaýtadan durmuş bagyş edilýär we Kyýamat güni başlanýar).

8. Ol Günde (kapyrlaryň) kalblary gorka düşer,

9. Gözleri bolsa, (gorkudan ýere) eglip galar!

10. Olar (bu dünýäde) diýerler: "Hakykatdan hem, biz (ölenimizden soň, ýene gaýtadan dirilip) owalky halymyza gaýtarylarysmy?

11. Çüýrän süňklere dönüp galan wagtymyzdamy?"

12. Olar (güman bilen): "Onuň ýaly bolsa, bu (biz üçin) zyýanly gaýdyş-la!" diýerler.

13. Bes, ol (gaýdyş) diňe bir elhenç gykylykdyr (ýagny, suruň ikinji mertebe çalnyşydyr).

14. Soň öz-özünden olar (diri ýagdaýda) ýer üstüne çykarlar!

15.*(Eý, Muhammet), size Musanyň habary geldimi?*

16. Ýatlaň, Perwerdigäri oňa mukaddes Tuwa düzlüginde (şeýle) nyda edipdi.

17."(Eý, Musa), sen Firawunyň ýanyna bargyn, çünki, ol (küfru-isýan bilen) hetdinden aşdy.

18. Bes, (oňa) aýtgyn: "Seniň (küfri-günäden) ýülünmägä göwün isleginň barmy?

19. Men seni Perwerdigäriňe (Alla ýoluna) hidaýat etsem, bes, sen (Ondan) gorksaň".

20-21. Soň (Musa) oňa bir ullakan mugjyza görkezipdi, (Firawun) ony ýalançy hasap etdi (ýagny, Musa: "Sen sehrgärsiň" diýip töhmet ýapdy) we (Alla tagalaga) asy - etagatsyz boldy.

22. Soňra (pysku-pujurlygy ýaýmak ýolunda) tiz hereket edip (Musadan) ýüz dönderip gitdi.

23-24. Soň (öz adamlaryny) toplady-da, jar edip: "Men siziň iň üstün Perwerdigäriňizdi -rin" diýdi.

25. Bes, Alla ony - hem ahyret, hem (bu) dünýä azaby bilen tutdy (ýagny, bu dünýäde ol deňze gark edip goýberildi, ahyretde bolsa, dowzah azabyna duçar bolar).

26. Elbetde, munda (bu kyssada, Alladan) gorkýan kişiler üçin ybrat bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda Musa alaýhy-s-salamyň eden işini kabul etmezden, oňa garşy pitne-pisat (gozgalaň, bolar-bolmaz gep-söz ýaýradyp ýöreni sebäpli, dünýä we ahyret azabyna giriftar edilen Firawun kyssasy zikr edilenden soň bu kyssadan diňe Alladan gorkýan kişileriň ybrat we pendi-nesihat alýandyklary takyklanýar. Şunlukda, Ýaradandan gorkmaýan ygtykatsyz kimselere hiç hili mugjyzanyň ýa-da wagyz-nesihatyň kär etmeýändigi anyk boldy.

Indi aşakda Alla tagala Kyýamat gününde ähli halaýygy gaýtadan dirildip, olary durmuşy dünýäde edip öten amallaryna görä jezalan-dyrjagyna şek getirýän kimselere gyjalat berildi.

27.(Eý, müşrikler) sizi ýaratmak kynrakmy ýa-da asmany?! (Ýagny, barça Ýer togalagynyň daşyny özge saýaralardan ýa-da hereket edýän ýyldyzlardan bir zyýan hem ýetmezligi üçin üçek - asman bilen gaplap-gurşap goýmaga kadyr bolan zat üçin sizi ýaratmak ýa-da gaýtadan diriltmek asla kyn däldir. Alla) ony bina kyldy.

28. Diregsiz belent edip, dikledi.

29. We onuň (şol asmanyň) gijesini garaňky edip, (ondan) gündizi çykardy.

30. We şundan soň Ýeri ýaýyp, tekiz etdi.

31. Ondan suwdur otlary çykardy,

32. We ol (şol ýere) daglary ornaşdyrdy.

33.(Bularyň barçasy) siziň üçin we çarwa haýwanlaryňyz üçin peýda bolsun diýip (edilendir).

34. Bes, haçan uly bir bela (ýagny, Kyýamat) geleninde,

35. Ynsan öz kylmyşyny ýatlaýan Günde:

36. We dowzah - görýän (her bir) kişä görkezilip goýlanda;

37. Bes, ana, şonda kim (durmuşy dünýäde küfru-isýan bilen garşylyk görkezen;

38. We durmuşy dünýäni (ahyretden) üstün hasaplan bolsa;

39. Onda diňe jähennem (onuň üçin) jaý bolar!

40. Indi kim (durmuşy dünýäde wagtynda, Kyýamat güni magşargähde) Perwerdigäriniň (huzurynda) durmagyndan (we oňa

hasap-kitap bermeginden) gorkan we nebsini howaýy isleglerinden gaýtaran bolsa;

41. Onda diňe jennet (onuň, üçin) jaý bolar.

42.(Eý, Muhammet, müşrikler) sizden (şol Kyýamat) sagadynyň haçan waka boljagy hakynda sorarlar.

43. Siz nirede, häli, ony (ýagny, Kyýamat haçan boljagyny) zikr edip, ýatlatmak (nirede? Ýagny, siz hiç haçan ol Günüň wagtyny aýdyp berip bilmersiňiz).

44. Ony (bilmek) ýalňyz Perwerdigäriňize baryp durar.

45. Siz diňe şol (Kyýamat)dan gorkýan kişileri duýduryjysyňyz, bolaiy. (Emma, ol Günüň haçan waka boljagyny aýdyp bermek siziň wezipäňiz däldir).

46. Olar ony (Kyýamat sagadyny) görýän Günde (bu dünýäde) göýä diňe bir öýländen soň, ýa-da çäş wagtynda duran dek (ýagny, bir gün hem ýaşamadyk ýaly) bolup galarlar!

80. ABASA SÜRESI

Kyrk iki aýatdan jem tapan bu süre hem Mekgede hasyl bolandyr. Ol huzuryna gelen gözi ahmal bir kimsä güler ýüz bermedik pygamber alaýhy-s-salama temmi bermek bilen başlanýar (şonuň üçin hem bu süre "Abasa" - "Gaş çytmak" diýip atlandyrylandyr) we oňa boýnundaky wezipeleri ýene bir gezek düşündirilip, soňra pendi-nesihat alýan bendeler üçin Gurhan aýatlarynyň Alla tagala tarapyn inderilen bir ýatlatmadygy takyklanýar.

Bu sürede örän ykjam ýagdaýda ynsana özüniň nireden geleninden başlap, tä nirä barjagy we soňky hal-ýagdaýynyň niçik geçjegine çenli beýan edilip, soňra ynsan üçin ýaradylan naz-nygmatlar sanap geçilýär we orta bir hak sorag taşlanylýar: durmuş ýoluny görkezip berýän Gurhan nygmaty hem, Ýer ýüzündäki adamlaryň rahatlykda ýaşamaklary üçin bagyş edilen ähli naz-nygmatlar hem akyl eýelerini ýalňyz Ýaradana iman getirip, Oňa şükür etmäge çagyryp durka, ynsan zatyny beýle küfre, gapma-gar-şylaga gitmäge näme mejbur kyldy?!

Süre adamlaryň anyk iki taýpa bölünip galýan Kyýamat gününde ýüz berýän elhenç waka-hadysalar hakynda habar bermek bilen soňlanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Ol (pygamber alaýhy-s-salam) özüniň ýanyna gözi ahmal kişiniň geleni üçin gaş çytdy we (ondan) ýüz dönderdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat edişiliçe, bir gün pygamber alaýhy-s-salam Kureýşiň ýokary gatlak emeldarlaryndan bir toparyny Yslama çagyryp durka, ýanyna Abdulla ibn ummi Maktum atly gözi ahmal bir sahaba gelip, birnäçe gezek "Ýa resulyllah, maňa Allanyň size bildiren närselerinden tälim beriň" diýip tekrarlady. Çünki, ol kişi kemis bolany sebäpli, pygamberimiziň başgalar bilen bent ekenini duýmandy. Pygamber alaýhy-s-salam ýaňky Kureýş uluglary Yslama kabul etseler, olara tirkeşip,

yzlaryndaky tabynlar hem musulman bolup galar diýen umyt bilen aladaly sözleýändigi sebäpli, ine, şu wagtda Abdulla ibn ummi Maktumyň gelip, sözüni bölenine gaharlanyp, gaşyny çytdy we ol kişä arka öwrup, Kureýş uluglary bilen sözleşmegi dowam etdi. Şonda pygamberimize temmi bolup, şu we aşakdaky aýatlar hasyl boldy. Şu ýerde biz hormatly okyjynyň ünsüni bu aýatlardaky iki ybratly nokada çekjekdiris. Birinjiden: Alla tagala Özüniň habybyna - soňky pygamberine temmi berende, oňa göni duýdurmady, belki, göýä üçünji şahs hakynda gepleýän ýaly temmi berdi ki, bu Dostuň - Dosta edýän mylakatynyň bibaha göreldesidir. Ikinjiden: eger bizde Alla tagalanyň Özi "Şek-şübhesiz, siz dogry hulk üstündesiňiz" (Galam süresi, 4 aýat) diýip taryplan pygamberimiz bu wakada "bir kemis kişä azar berdimi?" diýen sowal dörese, beýle sowalyň jogaby hem şol wakanyň özünde bardyr, ýagny, ýokardaky aýatlaryň güwälik berişiçe, pygamber alaýhy-s-salam ol kişiniň ýüregine azar berýän bir gaty sözem aýdan däldir, belki, diňe gabagyny çytyp, ýüz sowdy, bolany, beýle halaty gözi ahmal adamyň görüp bilmänligi üçin azar çekmändigi anykdyr. Alla tagalanyň temmisinden soň, resulyllah haçan Abdulla ibn ummi Maktumi görse: "Hoş geldiňiz, eý, maňa Perwerdigärimden deşnam-käýinç alyp beren adam" diýip, oňa gujak açyp çykar eken.

3.(Eý, Muhammet), siz nireden bilersiňiz, ähtimal, ol (sizden öwrenýän ylmu-bilim köme- ginde öz günälerinden) päklener.

4. Ýa-da pent-nesihat alar-da, soň bu pent-nesihat oňa peýda berer?!

5. Indi (öz mal-mülki bilen imandan) ýüz dönderen kimsä gelsek;

6. Bes, siz şoňa öwrülip, ýüzlenýärsiňiz!

7. Şunlukda, onuň (küfründen) päklenmezligi sebäpli, size birem zyýan ýetmez!

8-9. Indi (Alladan) gorkup, ýanyňyza ýüwrüp-ýelip gelene gelsek!

10. Bes, siz ondan ýüz dönderdiňiz!

11. Ýok, (siz asla beýle etmäň)! Elbetde, (Gurhan aýatlary) bir pent-nesihatdyr.

12. Bes, kim islese, ondan pent-nesihat alar.

13-14. (Ol aýatlar Alla nazarynda) ezizu-gutly, hormaty belent, päkize sahypalara;

15-16. Päkize etagatly (boýun synyjy) mürzeleriň (ýagny, perişdeleriň) elleri bilen (Lawhul-Mahfuzdan göçürip ýazylandyr).

17. Heläk bolgaý ynsan-a! Munçalar kapyr bolmasa!

18.(Alla) ony haýsy närseden ýaratdy?!

19. Ony bir (damja) nuftadan (jynsy suwdan) ýaradyp, soň onu(ň ene garnyndaky rowajyny we aý-gününi) belgiläp goýdy ahyry!

20. Soňra oňa (ene garnyndan çykmak) ýoluny aňsat kyldy.

21. Soňra oňa ölüm berip, gabra girizdi (ýagny, başga haýwanlar kibi onuň jesedini ýer ýüzünde galdyryp, ýyrtyjylara iýmit edip goýan däldir).

22. Soňra Özi islän wagtynda ony ýene gaýtadan dirilder.

23. Ýok, ol (kapyr kimse, Allanyň) özüne buýran bir närsesinem eda etmedi.

24. Indi ynsan özüniň tagamyna (ybrat gözi bilen bir) garap görsün hany!

25. Biz (asmandan) suw-ýagyşy ýagdyrdyk.

26. Soňra ýeri (ösümlikler) bilen ýardyk.

27-28-29-30-31-32. Soň Biz onda däne-düýne, üzüm we gök otlary, zeýtun we hurmalary, goýy daragtdyr baglary, miwe-çiwedir ot-çöpleri siziň üçin we çarwa haýwanlaryňyz üçin peýda bolsun

diýip, öndürip-ösdürip goýduk ahyryn!

33. Bes, haçan (gulaklary) ker ediji (apatly gykylyk) gelende, (ýagny, Sur ikinji mertebe çalnyp, ähli halaýyga gaýtadan jan bagyş edileninde, her bir ynsan öz-özi bilen galar)!

34-35-36. Ol Günde kişi öz aga-inisinden hem, enesi we atasyndan hem, hatynydyr bala-çagasyndan hem gaçar!

37. (Çünki), olardan her bir kişi üçin ol Günde özüne ýeterlik teşwiş bolar!

38-39. Ol Günde (möminleriň) ýüzleri ak, gülüp duran we şady-horram bolar.

40. We ol Günde (kapyrlaryň) ýüzünde çaň-gubar bolup;

41. Olary (ol ýüzleri) garalyk gaplap alar!

42. Ana, şolar pysku-pujur edýän kapyrlaryň özüdir!

81. TEKWIR SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen bolup, ýigrimi sekiz aýatdyr. Ol Kyýamat kaýym bolanda, arşda-barlykda ýüze çykýan apatly ynkylaby özgerişler teswiri bilen başlanyp, ana, şol Günde her bir janyň öz durmuşynda nähili amallar edip ötenini bilip, ony ykrar edişi hakynda habar berilýär. Soňra Alla tagala Öz ýaradan birnäçe närseleriniň adyna kasam bilen Gurhany kerimiň Jebraýyl perişde getiren Ylahyý Sözdügi we işbu Kelamyllanyň birem aýatyny galdyrmazdan, ynsanlara ýetirýän Muhammet alaýhy-s-salamyň mejnun däldigi takyklanýar.

Süräniň dowamynda ynsanlara gahar edilip, .olardan ellerinde Hak ýoluny görkezip duran şeýle Mukatdes Kitap bar bolsa-da, özleri üçin ýene nähili ýol yzlap gidip barýandyklary soralýar. Süre Kyýamat gününde Bütin Ýer ýüzüni ýagtylandyryp we gyzdyryp durýan Güneşiň hem towlanyp, nursuzlanyp galyşy hususyndaky aýat bilen başlanýandygy sebäpli, "Tekwir" - "Towlanmak - Işilmek" diýip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Güneş işilip - (nursuzlanyp) galanda,

2. Ýyldyzlar hem (öz peleklerinden) dökületinde,

3. Daglar hem (öz ornundan) süýşende,

4.*(Garnyndaky köşegi) on aýlyk bolan bogaz düýeler hem boş goýlanda;*

5. Wagşy haýwanlar hem (bir ýere) üýşende,

6. Deňizler (tamdyr kibi) gyzdyrlanda (we suw ornuna ot bilen doldurlanda);

7. Janlar (gaýtadan bedenlere) jübütleşende,

8-9. Dirileýin gömlen (her bir) gyzdan nähili günä sebäpli öldürlendigi soralanda;

10.(*Namaýy-amal*) *sahypalary açylanda;*

11. Asman (Ýeriň üstünden) syrylyp alnanda,

12. Dowzah (kapyrlar üçin) lowladyp ýakylanda,

13. Jennet (takwalara) ýakyn edilende,

14.*(Ana, şol Günde her bir) jan özüniň (ine, şu Gün üçin) häzirläp gelen närsesini (ýagny, barça ýagşy-ýaman amallaryny) biler!*

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda Kyýamat gününde ýüz berýän on iki hadysa hakynda habar berildi. Diýmek, ol Günde bolup geçýän howpuň artyklygyndan Güneşiň nury sönüp, ýyldyzlar her tarapa seçilip gidýär we daglar hem ornundan süýşürilip, edil bulutlar kibi asmanda ýüzüp ýörýär. Sähra iliniň juda apalap goraýan we olaryň baý-döwletliliginiň alamaty bolan botlamak sagady golaýlaşyp galan bogaz düýeler hem eýeleriniň ýadyndan çykyp, her kim öz-özi bilen galýar, adamlar özleriniň iň gadyrly närselerini hem unudýarlar. Hemişe bir-birleriniň etini iýip ýaşaýan wagşy haýwanlar hem nädip bir ýere toplanandyklaryny bilmän galýarlar, deňizler bolsa, suwy bugaryp, edil aşagyndan ot ýakylýan gazanlara dönýärler (müň-müň ýyllyk deňizleriň bu güne gelip gurap başlany şol Günüň ýakyn gelendiginiň alamaty dälmikä?) Ynsan ölende, çykyp giden janlar gaýtadan öz bedenlerine girýär, şeýle hem, ol Günde dirileýin gömlen garyp gyzlaryň hem dadyna ýetilýär (bu hakda Balary süresiniň 59 aýatynda doly düşünje berlendir) we ynsan ölen badyna ýapylan namaýy-amaly gaýtadan açylyp, hasap-kitap edilýär. Ol Günde Ýeriň üçegi bolan asman hem açyp goýberilýär we ahyry kapyrlara lowlap ýanýan dowzah, möminlere bolsa, jennet ýakyn edilýär - ine, şu waka-hadysalar ýüz berýän Kyýamat gününde her bir janyň durmuşy dünýäde edip öten ýagşy amallary sag ýanyna, ýaman amallary çep ýan tarapyna getirilip goýulýar we hiç kim öz amalyndan dänip bilmeýär! Diýmek, şol Günüň gynag-azabyndan halas bolmagy islän her bir ynsanyň bu gününi Yslamy ygtykat we ýagşy-sogaply amal bilen geçirmegi wajypdyr!

15-16-17-18. Bes, Men (gündizler gözden) gaýyp bolýan, (gijeler hem) tiz geçip (öz burçlarynda) gizlenýän (ýyldyz)lara, öz zulmaty bilen gelip-gidýän gijä we atýan daňa kasam içermen ki,

19-20-21. Şek-şübhesiz, ol (Gurhan) bir beýik kuwwatly, arşyň sahyby (bolmuş Alla) alnynda mekan-mertebeli, ol jaýda (ýagny, asmanlarda perişdeler tarapyndan) etagat edilýän, ynançly ilçiniň (ýagny, Jebraýyl perişdäniň Alla tagala tarapyndan getiren) sözüdir.

22. We siziň sahybyňyz (dostuňyz Muhammet alaýhy-s-salam) mejnun däldir.

23. Hakykatdan hem, ol (Jebraýyly) gökde açyk-aýdyň gördi.

24. Ol (Muhammet alaýhy-s-salam) gaýyba (ýagny, gaýypdan gelen wahyýa) bahyl hem däldir. (Ol Alla tagala tarapyn özüne gelýän wahyýny bozmazdan, doly – anyk halda size ýetirer).

25. Ol kowulmyş şeýtanyň sözi hem däldir.

26. Bes, size (ine, şu Gurhany kerimiň görkezen Hak ýoluny inkär edip) nirä gidip barýarsyňyz?!

27-28. Ol (Gurhan) hiç şek-şübhesiz, barça älemler üçin - siziň araňyzdaky Dogry ýolda bolmagy islän kişiler üçin bir ýatlatmadyr.

29. Siz diňe barça älemler Perwerdigäri bolan Alla islese, (Dogry ýolda bolmagy) islärsiňiz.

82. INFITAR SÜRESI

On dokuz aýatdan ybarat bolan bu süre hem Mekgede hasyl edilendir. Ol hem Kyýamat güniniň apatly şekilini suratlandyrmak bilen başlanýar we ynsana ýüzlenilip, ony ýokdan bar eden we oňa şeýle gözel' surat berip goýan Perwerdigärine ybadat etmekden nämäniň saklap durandygy soralýar.

Soňra jeza Güniniň hakdygy aýdylyp, her bir kişiniň eden amalyny ýazyp durýan perişdeler bir işem galdyrman namaýy-amal sahypa-laryny dolduryp barýandyklary ýene bir gezek aýdylyp geçilýär. Süräniň soňunda jeza Güniniň nähili gündügini ýalňyz Alladan özge hiç kimiň bilip bilmejegini we ol Günde ähli höküm ýalňyz Alla tagalanyň gudrat golunda bolýandygy hakynda habar berilýär. Süre Kyýamat gününde asmanyň ýarylyşy dogrusyndaky aýat bilen başlanany üçin ol "Infitar" "Ýarylmak" diýip atlandyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Asman ýarylanda,

2. Ýyldyzlar her tarapa saçylanda,

3. Derýa-deňizleriň (ortasyndaky böwetler) açylanda,

4. Gabyrlar düňderilip goýlanda (ýagny, olaryň içindäki ynsalara jan bagyş edilip, ýer ýüzüne çykarylanda);

5.*(Ana, şol Günde her bir) jan öz (durmuşy dünýäde çagynda) edip öten we (özünden soň) galdyran (ähli) närsälerini (ýagny, ýagşy-ýaman amallaryny) biler!*

6. Eý, ynsan, näme seni beýik Perwerdigäriň hakynda (Oňa ybadat etmeseň, hem boluberer diýip) aldady?

7. Ol seni ýaradyp, soň (ähli agzalaryňy) dikläp, soň (kamatyňy hem) şekile getirip goýdy ahyryn!

8. Ol seni Özi haýsy suraty islän bolsa (şol surat-şekilinde) bina etdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda Alla tagala ynsana onuň kim tarapyndan ýaradylyp beýle akyl-huş, dik göwre we gözel surata eýe edilendigini aýdýar we ondan özüni başga ähli mahlukatlardan parhly şeýle ezizu gutly edip ýaradan beýik Perwerdigärine näme üçin gulluk-ybadat etmeýändigini sorap, temmi berýändir. Hakykatdan hem, ynsan bedenindäki haýsy bir agza ybrat gözi bilen garalsa, ondaky anyklygy görüp, Ýaradanyň beýik gudratyna, bilim we hikmetine gulluk etmezlige alaç galmaýar. "Kim özüni tanasa, şol Perwerdigärini tanar" diýen hadysy-şerip hem bu aýatlaryň beýany diýsek hata bolmaz. Indi aşakdaky aýatlarda dinsiz kimseleriň Alla tagalanyň emrine etagat etmeýändikleriniň sebäbiniň nämedigi zikr edilýär.

9. Ýok, belki siz jeza (Kyýamat gününi) ýalan diýersiňiz (şonuň üçin hem, Alla buýran ýagşy amallary etmersiňiz we Onuň gaýtaran ýamai amallaryndan gaýtmarsyňyz) ?

10-11. Elbetde, şek-şübhesiz, siziň üstüňizde (eden her bir amalyňyzy) ýatlap, ýazyp durýan perişdeler bardyr.

12. Olar siziň edýän işleriňizi bilerler.

13. Şek şübhesiz, ýagşylar (ýagny, möminler jennet) nygmatyndadyrlar.

14. Şek-şübhesiz, pysky-pujur edýän kimseler (ýagny, Gurhany we pygamberi ýalançy hasap edýän, jeza Gününi we gaýtadan dirilişi inkär edýän kimseler) dowzahdadyrlar!

15. Olar (dowzah)a jeza (Kyýamat) gününde girerler!

16. We olar (dowzahdan) gaýyp bolýan (ýagny, halas bolýan) däldirler!

17.(Eý, ynsan) sen jeza gününiň nämedigini nireden biler sen?!

18. Soňra (ýene tekrarlap aýdýarys kim), sen jeza Gününiň nämedigini nireden biler sen?!

19. Ol Günde hiç bir jan (başga) bir jana bir närsäni hem etmäge (ýagny, bir peýda ýetirmäge ýa-da ondan bir zyýany aýyrmaga) eýe bolmaz! Ol Günde ähli iş ýalňyz Allanyňky bolar!

83. MUTAFFIFUN SÜRESI

Bu süre otuz alty aýat bolup, Mekge sürelerindendir. Ol deslap ahyret hasap-kitabyndan gorkmandyklary üçin birewiň hakyndan heder etmeýän kimseleriň Alla tagalanyň gazabyna duçar boluşlary dogrusynda habar berýän aýatlar bilen başlanýar.

Bu sürede ömürlerini pysku-pujur bilen geçirýän imansyz kimseleriň tapýan apatly akybet - dowzah azaby hakynda duýdyryjy aýatlar hem, bu bäş günlük dünýäden Hak ýoluny mäkäm tutup ötýän iman ili üçin taýýarlanyp goýlan sagadaty ebedilik. jennet nygmatlary zikr edilen aýatlar hem bardyr.

Süräniň ady bolan "Mutaffifun" kelemesi "Birewleriň haklaryndan urup galýanlar" ýa-da "Terezini kem çekýänler" diýen manyny aňladýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Ölçeg we tereziden) urup galýan kimselere bagtsyzlyk bolgaý!

2-3. Olar adamlardan (bir närsäni) ölçäp alan wagtlarynda doly edip alýan, olara ölçäp ýa-da çekip beren wagtlarynda bolsa, kem edip berýän kimselerdir.

4-5-6. Olar özleriniň uly bir Günde - ähli adamlar barça älemler Perwerdigäriniň huzurynda dik durup (hasap-kitap berýän Kyýamat) Gününde gaýtadan diriljekdikleri hakynda oýlamaýarlarmy?!

7. Ýok, (birewiň hakyndan urup galmakdan heder ediň)! Çünki (beýle) pysky-pujur edýän kimseleriň namaýy-amallary elbetde, Syjjyýnda bolar!

8.(Eý, Muhammet), siz Syjjyýnyň nämedigini nireden bilersiňiz?!

9.(Ol) ýazylgy kitapdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Syjjyýn - ulamalaryň takyklaýşy boýunça, ýedi gat Ýeriň astynda durýan, ynsu-jyndan bolan kapyrlaryň namaýy-amallary ýazlyp goýulýan bir kitapdyr.

10. Ol Günde ýalan diýýänlere heläket bolgaý!

11. Olar jeza (kyýamat) Gününi ýalan diýýän kimselerdir!

12. Ony (ol Güni) diňe hemme günä batan açgöz - ýowuzlar ýalan diýer!

13. Haçan (onuň ýaly kimsä) Biziň aýatlarymyz tilewat edilse, ol: "(Bu) owalkylardan (galan) efsanalar" diýer.

14. Ýok, (beýle däl)! Belki, olaryň kalblaryny öz kesp eden günäleri gaplap alandyr.

15. Hiç şek-şübhe ýok ki, olar şol (Kyýamat) Gününde Perwerdigärinden saklanarlar. (Ýagny, Perwerdigäriniň didaryna ýetmek olara hiç haçan nesip etmegeý!)

16. Soňra, şek-şübhesiz, olar dowzaha girerler.

17. Soňra (olara): "Ine, şu siziň ýalan diýip ýören närsäňiz - azapdyr" diýler.

18. Hakykatdan, ýagşylaryň namaýy-amallary, şek-şübhesiz, Illiýundadyr.

19.(Eý, Muhammet), siz Illiýunyň nämedigini nireden bilersiňiz!?

20.(Ol) ýazylgy kitapdyr ki,

21. Oňa (Allanyň) ýakynlary (ýakyn perişdeleri) güwä bolarlar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Illiýun - pygamber alaýhy-s-salamdan rowaýat edilen hadysy-şeripde aýdylyşyça, ýedinji asmanda, Alla tagalanyň arşy aglasynyň astyndaky bir mekan bolup, ynsu-jyndan bolan möminleriň namaýy-amallary ýazylan kitap şol mekanda saklanýar.

22. Şek-şübhesiz, ýagşylar (ýagny, möminler jennet) nygmatlaryndadyr

23. Olar sekilerde (Alla tagalanyň özlerine bagyş eden nygmatlaryna) bakyp (oturarlar).

24. Siz olaryň ýüzlerinde nygmatlaryň nurlaryny tanarsyňyz-görersiňiz.

25. Olar (jennetde) möhürlenen şerapdan suwa ýakylar ki;

26. Onuň (ol şerabyň) möhri müşk bolar. Bes, bäsleşjekler (ine, şeýle baky nygmata ýetmek ýolunda) bäsleşsinler.

27. Ol şerabyň düzümi - garyndysy tesnimdendir.

28.*(Tesnim Allanyň) ýakynlary (ýakyn bendeleriniň) içýän bir çeşmesidir.*

29. Elbetde, jenaýatçy - kapyr kimseler iman getirenleriň üstünden gülýärdiler.

30. Haçan (möminler) olaryň öňünden geçseler, olar bir-birlerine göz gypyp, üm-yşarat ederler.

31. Öýlerine gaýdanlarynda bolsa, (möminleri masgara edip azar berenlerine) hoş bolup gaýdarlar.

32. Haçan (möminleri) görseler: "Ana, olar, şek-şübhesiz, ýoldan azan kimselerdir" diýýärdiler.

33. Elbetde, olar (möminleriň) üstüne goragçy edip iberilen däldiler.

34. Indi bu (Kyýamat) Gününde iman getirenler kapyrlara gülerler.

35. Olar (jennetdäki) sekilerde (kapyrlaryň azaplanyşyna) bakyp (oturarlar).

36. Kapyrlar öz ednp öten etmişleriniň hakyny aldylarmy? (Elbetde!)

84. INŞIKAK SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bu süre ýigrimi bäş aýatdan jemlenendir. Süräniň başynda Kyýamat kaýym bolan güni gögüň ýarylyp, zeminiň bolsa ýaýylyp tep-tekiz bolup galyşy beýan edilýär. Şonuň üçin hem bu süre "Inşikak" - "Ýarylyş" diýip atlandyrylan.

Bu sürede ynsan zatynyň dünýä , gelen wagtyndan başlap, özi bilse-bilmese, islese-islemese, Perwerdigär tarapa, ýagny ölüm diýen –dünýä bilen ahyret ortasynda goýlan köpri arkaly Perwerdigäriniň adyl hasap-kitaby tarapa ymtylyp barşy takyklanýar. Soňra şol jeza Gününde nähili kişileriň hasap-kitabynyň aňsat boluşy we nähili kimseleriň baky azaba ýolugyşlary hakynda habar berilýär.

Süräniň soňunda Alla tagala kasam bilen ähli ynsanlar ölenlerinden soň, özlerine wada edilýän apatly halatlara nobatma-nobat ýolugyşlaryny takyklap, soň iman getirmedik kimseleriň hallaryna netije bildirilýär we olara agyr azap "hoşhabary", möminlere bolsa tükenmez sogap-sylag dünýäsi berilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Asman ýarylan we ol Perwerdigäri(niň ýarylmak dogrusyndaky emri)ne gulak tutan - (ine, şu emre)laýyk tapylan wagtda;

3-4-5. Ýer ýaýylan (tep-tekiz bolan) we öz içindäki (jesetleri üstüne) çykaryp taşlap, boşanyp we ol Perwerdigäri(niň ýaýylyp, tep-tekiz bolmak dogrusyndaky emri)ne gulak tutan - (ine, şu emre)laýyk tapylan wagtda (ana, şol Kyýamat gününde her bir ynsan öz edip öten amallaryna ýüzbe-ýüz bolar)!

6. Eý, ynsan, elbetde, sen mähnet-muşakgat çekip, Perwerdigäriňe (ýagny, Onuň sylagyna ýa-da jezasyna) barýansyň, bes, (bu pany dünýäden öteniňden soň) Oňa duşarsyň.

7. Ana, indi kimiň namaýy-amaly sag tarapyndan berilse;

8. Bes, ol aňsat hasap bilen hasap-kitap ediler;

9. We özi(niň jennetdäki) iline-maşgalasyna şady-horram halda ýetiriler.

10. Eger kimiň namaýy-amaly arka tarapyndan berilse;

11. Bes, ol ölümini çagyryp turar;

12. We dowzaha girer!

13. Çünki, ol (durmuşy dünýäde wagtynda) ili-maşgalasynda (öz küfru-isýany bilen) şadu-horramdy.

14. Elbetde, ol özüniň hiç-haçan (Perwerdigäriniň huzuryna) barylmaz öýdýärdi.

15. Ýok, Perwerdigäri ony, şübhesiz, görüp durandyr.

16-17-18. Bes, Men (Kuýaş batýan wagtda bütin gögi gaplap-gurşap alýan) nura, gijä we onuň gurşap alan (ähli) närsesine hem-de dolan Aýa kasam içermen ki;

19. Siz (eý, ynsanlar), görnüşden görnüşe geçersiňiz (ýagny, bir haldan ikinji hala geçip durarsyňyz);

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda Alla tagalanyň ylahyý galamy bilen her bir ynsanyň durmuşyndaky we ýaşaýyşyndaky bir haldan ikinji hala geçişi dogrusyndaky tekrarly menzil çyzyp berildi. Hakykatdan, edil gözetimi gan agladyp Gün batyp, soň etrapy tün zulmaty gaplap, soň asmana galkyp çykan dolan Aýyň gijäni mysaly gündize öwrüp, eger ýere iňňe-temen düşse tapylar ýaly ýagty edişi kimin, her bir ynsan hem öz durmuşynyň şamynda ýakynlaryny gan agladyp, ölüm diýip atlandyrylan bosagadan ätleýär. Indi ol tarapy tamam başga bir halat - edil gijäniň garaňkylygy ýaly gabyr zulmaty. Emma bu asla soňky halat däl, belki, adam başyndaky halatlar zynjyrynyň bir halkasydyr. Nobatdaky halat Kyýamat kaýym bolan Günde ýüz berýär. Ol Günde edil Aýyň gije garaňkylygynda gizlenip ýatan ähli närsäni äşgär edişi dek, her bir ynsanyň garaňky geçmişi başlanyşyndan soňuna çenli, ýüpünden iňňesine çenli aýdyňlaşdyrylyp -

ýagtyldyp, hasap-kitap edilýär we nobat soňky halatlara gelýär. Olar indi ebedi bagtdyr ýa-da baky azapdyr! Şeýlelikde...

20. Ýeri, näme üçin olar iman getirmeýärler?!

21. Olara Gurhan (okalan wagtynda bolsa, oňa iman getirip, Ýaradana) sejde etmeýärler?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýaty kerim nobatdaky sejde aýaty bolup, ol tilewat edileninde, okaýana hem, diňleýäne hem bir mertebe Allaga sejde etmek wajyp bolýar.

22. Ýok, olar (Gurhany hem, Kyýamat güni gaýtadan dirilişi hem) ýalan diýerler!

23. Alla bolsa, olaryň içlerine salyp gizleýän närselerini (ýagny, olaryň küfrlerini, imansyzlyklaryny) örän ýagşy bilýändir!

24. Bes, (Eý, Muhammet), siz olara agyr azap "hoşhabary" ny beriň!

25. Diňe iman getirenler we ýagşy amallar edenler üçin tükenmez sogap-sylag bardyr.

85. BURÇLAR SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen bolup, ýigrimi iki aýatdyr. Ol başyndan ahyryna çenli iman-ygtykat meselesini ýagtyldyjy süre bolup, ilki uzak geçmişde möminleri diňe Alla tagala iman getirendikleri üçin azaplap öldüren bir topar zalym kimseleriň heläkçilige duçar edilendikleri hakynda habar berilýär we ähli zamanlardaky iman ilini pitnä-gozgalaňa salyp, olara zulum edýän kimseleriň dowzah azabyna giriftar boluşlary takyklanýar. Soňra Ýaradanyň gudratynyň örän beýikdigine delalat edýän aýatlar zikr edilenden soň, süräniň ahyrynda Gurhany Kerimiň hiç haçan bir harpy hem üýtgemeýän Kitapdygy düşündirilýär. Bu süräniň ady "Burçlar" bolup, "Asmandaky minaralar" diýen manyny aňladýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Burçlar eýesi bolan asmana kasam,

2. Wada kylnan (Kyýamat) Gününe kasam,

3.*(Şol Günde) güwä bolýan (ähli halaýyga) we güwä bolunýan (ähli waka-hadysalar)a kasam ki,*

4-5. (Özüne iteklenen adamlaryň jesedinden ybarat bolan) odun"ly alaw (şol otda lowlap ýanýan) çukur eýeleri nälet edilgeý!

6. Şonda olar şonuň (şol çukuryň) üstünde oturypdylar,

7. We möminlere (garşy) edýän işlerine özleri güwä bolupdylar.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda gadymda geçen bir zalym patyşa we onuň çagalary möminleri Alla tagalaga bolan iman-ygtykatyndan döndermek üçin ulanan elhenç çäreleri we akybet-netijede özleriniň gazan çukuryna özleriniň ýykylyp heläk bolandyklary hakynda habar berildi. Şonda olar möminleri taşlap, ýakyp goýbermek üçin uzyn we çuň çukur gazyp, her bir mömini şol çukuryň ýakasyna getirenden soň, eger imanyndan gaýtmasa, ine, şu lowlap ýanyp duran çukura itekläp goýberjekdiklerini

aýdanlarynda, möminler imansyz ýaşamagy iman bilen şehit bolmakdan ýokary goýman eken. Ýöne olar şol çukura oklanan wagtlarynda, häli ot bedenlerine degmänkä, Alla tagala olaryň janlaryny Öz huzuryna çagyryp, möminleriň jesetlerini köýdürmeli ot bolsa, ýokarda durup çukuryň gyrasynda tomaşa edýän kapyrlary ýakyp heläk eden eken. Bu kyssadan many şu ki, baky bagta alyp barýan iman ýoly aňsat ýol däl, belki, ähli zamanlardaky näsaz gurluş we bozuk jemgyýetlerde iman iliniň başyna, ana, şeýle agyr synag düşmegi mümkin. Ana, şol wagtda iman synagyndan eger şehit bolmak derejesinde bolsa-da, ötüp-geçip bilen möminler najat taparlar. Olara zulumu-sütem görkezen asy häkimler bolsa, şek-şübhesiz, bagtsyzlyga-heläkçilige höküm edilendir.

8-9. Olar (möminlerden) diňe gudrat we öwgi eýesi bolan Alla -asmanlaryň we Ýeriň patyşalygy Özüniňki bolana iman getirenleri üçin öç aldylar! Alla ehli närsä güwädir!

10. Elbetde, mömin we mömineleri pitnä salyp, (bu kylmyşlaryndan) toba etmedik kimseler üçin jähennem azaby bardyr we olar üçin ot azaby bardyr!

11. Elbetde, iman getirenler we ýagşy amallar edenler üçin aşagyndan derýalar akyp durýan jennetler bardyr. Ine, şu uly bagtdyr.

12.*(Eý, Muhammet), şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiziň (kapyrlary azap bilen) tutuşy gatydyr.*

13. Elbetde, Onuň Özi başlar (ýagny, başda ýokdan bar eder) we gaýtarar (ýagny, halaýygy ölenden soň gaýtadan dirilder).

14. Ol (möminlere) magrypatly, muhabbetlidir.

15.*(Ol) beýik Arş sahybydyr!*

16.*(Ol) islän zadyny amala aşyrýandyr.*

17-18. (Eý, Muhammet), size goşunlaryň - Firawun (we onuň adamlarynyň) hem-de Samud (tiresiniň) habary geldimi?

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, olar kapyr bolandyklary sebäpli, weýrançylyga duçar boldular! Bes, Gurhana we Muhammet alaýhy-s-salama iman getirmedikler hem edil şolar kibi heläk bolarlar!

19. Ýok, kapyr bolan kimseler (özlerinden owal geçen dinsiz kimseleriň ýolugan azap-heläketlerinden ybrat alman, häli hem Gurhany) ýalan diýip (aýak diräp durlar)!

20. Elbetde, Alla olaryň yzynda (ähli närsäni bilip) gözegçilik edip durandyr.

21-22. Ýok, (olaryň ýalan diýen närsesi) Lawhul-Mahfuzdaky (ýagny, her nähili bozulmakdan we özgerdilmekden goraglanyp saklanan Lawhdaky) Mukatdes Gurhandyr.

86. TARIK SÜRESI

Bu süre hem Mekge sürelerinden bolup, on ýedi aýatdyr. Bu süre her bir ynsanyň eden amallarynyň ýörite perişdeler tarapyndan dowamly – anyk ýazylyp durluşy, Kyýamat gününde jemi ki halaýygyň gaýtadan dirilşiniň hakdygy, Gurhany Kerimiň hak bilen batyly parhlandyryjy Sözdügini we Alla tagalanyň buýran dinine garşy dürli hile-usullar etmek köçesine giren kimseleriň biraz möhletden soň, öz kylmyşlaryna ýaraşýan jeza aljakdyklarynyň anykdygy hakyndaky düşünjeler barada söz barýar.

Sürä̈nin, ady bolan "Tarik" sözi "Gijeki ýolagçy" - ýagny, "ýyldyz" manysynda gelendir.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Asmana kasam, gijeki ýolagça kasam ki,

2. (Eý, Muhammet), siz giçki ýolagçynyň nämedigini nireden bilersiňiz?!

3. (Ol) uçar ýyldyzdyr.

4. Her bir janyň üstünde (onuň eden ähli amallaryny) ýatda saklaýan (perişde) bardyr.

5. Indi ynsan özüniň nämeden ýaradylanyna bir baksyn!

6-7. Ol (erkegiň) bili bilen (aýalyň) oňurgasyndan, kükrek kapasynyň arasyndan syzylyp çykan bir suwdan ýaradynlandyr!

8-9. Şek-şübhesiz, (Alla) ony siziň paş edilýän (Kyýamat) Günüňizde gaýtadan diriltmäge kadyrdyr.

10. Bes, (ol Günde ynsan) üçin (Allanyň azabyny gaýtaryjy) bir güýç hem, bir kömekçi hem bolmaz!

DÜŞÜNDIRIŞ. Diýmek her bir ynsan özüni bir damja suwdan ýaratmaga kadyr bolan Allanyň ony Kyýamat güni gaýtadan diriltmäge hem kadyrdygyny oýlap, .güýç-kuwwatynyň baryça iman-ygtykat we ýagşy amal bilen şol Güne taýynlyk görsün. Bu aýatlarda Kyýamat hakynda habar berlen soň, indi, ine, şu habary getiren Gurhany Kerimiň nähili kitapdygy beýan edilýär.

11. Gaýta-gaýta düşýän (ýagyş) eýesi bolan asmana kasam;

12.(Şol ýagyş zerarly ýeri) ýaryp çykýan (däne-düýne, ot-çöp) eýesi bolan topraga kasam ki;

13. Şek-şübhesiz, ol .(Gurhan hak bilen batyly) aýryjy Sözdür.

14. Ol oýun-degişme (ýagny, esassyz, bihuda biderek söz) däldir.

15. Elbetde, (kapyrlar Muhammet alaýhy-s-salama garşy dürli) hile usul ederler.

16. Men hem bir hile ederin (ýagny, olaryň hile-mekirine laýyk jeza berer).

17. Bes, (eý, Muhammet), siz olara azajyk wagt-möhlet beriň (ýagny, siz bir azajyk howlukman duruň, goý, olar bu gün din-imana garşy ellerinden gelenini etsinler, ertir Kyýamat kaýym bolanynda, elbetde, kylmyşlaryna ýaraşýan jezalaryny alarlar)!

87. AGLA SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bu süre on dokuz aýatdyr. Süre owalynda ähli Närseden ýokary we beýik bolan zat - Alla tagalanyň adyny päk tutmaga emr edilýär. Bu süräniň "Agla" - "Iň ýokary zat" diýip atlandyrylmagynyň sebäbi hem şudur.

Soňra Alla tagala öz pygamberine hasyl edýän aýatlaryny onuň kalbyna hiç-haçan öçmez ýaly edip, möhürläp goýşy hakynda habardar edýär. Bu sürede diňe Ýaradandan gorkýan kişileriň pent-nesihaty kabul edip peýdalanyşlary, emma dowzahy betbagtlaryň bolsa, nesihat eşitmekden gaçyşlary beýan edilýär.

Süräniň soňunda özüni päk tutup, Perwerdigärini ýat edip, namaz-ybadatyny minnet etmeýän her bir kişiniň najat tapyşy hakynda habar berilýär we bu sezleriň owal öten Ybraýym we Musa pygamberlere hasyl edilen sahypalarda hem bardygy aýdylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. (Eý, Muhammet), iň asary - agla bolan Perwerdigäriňiziň adyny (her nähili aýby-nogsandan) päkläň!

2. Ol (ähli närsäni) ýaradyp, bar edip goýandyr.

3. Ol (her bir närse üçin mynasyp ýoly) belgiläp, (Ol närsäni şol ýola) hidaýat edip goýandyr.

4-5. Ot-çöpi ösdürip çykaryp, soň ony garamtyl haşal edip goýandyr.

6-7. (Eý, Muhammet), Biz sizi (Jebraýyl perişde arkaly Gurhan) kyrat etdirýäris (okadýarys). Bes, siz Allanyň Özüniň (unutmagyňyzy) islän aýatlaryndan başga (birem aýaty)ny unutmarsyňyz. Elbetde, Ol äşgäre (söz we işleri) hem, gizlin närseleri hem bilip durar.

8. Biz sizi aňsat (dine) eýe ederis.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan, Şerigaty Yslam dinleriň içinde iň aňsat we ýeňilidir. Onuň buýran ähli düzgünlerini her bir akyly bar adam hiç emgenmän eda edip biler. Diňe ýalňyz Allaga we Onuň inderen Gurhanyna çyn kalbdan iman getiren bolsa, bes.

9. Bes, eger pent-nesihat peýda berse (kişilere) pent-nesihat ediň! (Ýagny, nesihat kär etmeýän kimselere sözüňizi zaýa etmäň)!

10.(Alladan) gorkýan kişi pent-nesihat alar.

11-12. Uly oda (dowzaha) girýän betbagt kimse bolsa, özüni ondan (nesihatdan) çete çeker.

13. Soňra ol jaýda ne ölüp biler, ne ýaşap!

14-15. Hakykatdan, (küfru-isýandan) päk bolan we Perwerdigäriniň adyny ýat edip namaz okan

(her bir) kişi najat tapandyr.

16. Ýok, siz (eý, kapyrlar), durmuşy-dünýäni üstün goýýarsyňyz!

17. Ýöne ahyret ýagşydyr we bakydyr.

18-19. Şeýle hem, bu (Sürede bar bolan pent-nesihatlar) owalky (pygamberlere hasyl bolan) sahypalarda - Ybraýym we Musa sahypala-rynda hem bardyr.

88. GOŞIÝA SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen bolup, ýigrimi alty aýatdyr. Ol ähli halaýygy öz howpy bilen dolap alýan Kyýamat güni ýüz berýän waka-hadysalary beýan etmek bilen başlanýar. Şonuň üçin bu süre "Goşiýa" - "Dolap alyjy" diýip atlanandyr. Bu sürede Ýeru-asmandaky her bir möwjudatyň ýeke-täk Ýaradanyň - Alla tagalanyň barlygyna delalat edip durýanlygy takyklanýar. Süräniň soňunda pygamber alaýhy-s-salamyň boýnundaky wezipäniň diňe pent-nesihat bilen Hak ýoluna çagyrmakdygy aýdylyp, pent-nesihata gulak tutmadyk kimseleriň Alla tagalanyň huzuryna baranlarynda, öz kylmyşlaryna görä jeza alýandyklary hakynda habar berilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Eý, Muhammet), size dolap alyjy (Kyýamat güni) hakyndaky habar geldimi?!

2. Ol Günde (kapyrlaryň) ýüzi (aşak) egiler.

3.(Boýunlary we el-aýaklary kişen we zynjyrlary süýremek bilen) mähnet-muşakgat çeker.

4.(Olar) gyzan dowzaha girer!

5. Gaýnap duran bulakdan suw içer!

6-7. Olara birem tagam bolmaz, (olaryň iýmitleri) diňe (iýen kimsäni) semretmeýän we açlykdan halas etmeýän zaryýdan (zäherli we ýakymsyz ysly tikenli ösümlik) bolar!

8.(Möminleriň) ýüzi bolsa, ol Günde (özlerine bagyş edilen naz-nygmatlardan) şady-horram;

9.(Durmuşy-dünýäde Alla ýolunda eden) hereketlerinden razy bolar.

10.(Olar) ýokary jennetde bolup;

11. Ol jaýda birem bihuda söz eşitmezler.

12. Ol jaýda akar bulak bardyr.

13. Ol jaýda belent sekiler;

14. We (bulak boýunda) guýlup goýlan bulgurlar;

15. Hatar düzlüp goýlan ýassyklar;

16. We düşelen halylar bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýokardaky aýatlarda kapyrlara düşýän dowzah azaby we möminlere ýetýän jennet nygmatlary teswirlendi. Ahyret durmuşyn-dan getirilen bu janly suratlar adamlaryň okap, ybrat almagy üçindir. Indi ynsanlaryň görüp, ybrat almagy we Ýaradanyň barlygyny, birligini bilip, iman getirmegi üçin olara her gün, her sagat ýüzbe-ýüz gelýän dört närse mysal şekilinde getirilýär.

17-18-19-20. Eýsem, olar düýäniň nähili ýaradylanyna, asmanyň nähili göterilip goýlanyna, daglaryň nähili diklenenine we Ýeriň nähili ýaýyp-tekizläp goýlanyna (ybrat nazary bilen) bakmaýarlarmy?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlarda adamlaryň nazary owal-a haýwanat äleminden "sähra gämisi" diýip at alan düýä garadylýar. Hakykatdan hem, sähra ili üçin düýe hem aragatnaşyk guraly, hem agyr ýükleri daşaýjy we agyr wezipeleri bitiriji hyzmatkär, onuň ýüňi geýim bolsa, suýdi doýum we datly tagam. Ol özi haýbatly we şeýle kuwwatly bolmagyna garamazdan, ýaş çaga ideglese hem boýun synyp gidiberýär. Oňa münmek ýa-da agyr ýükleri ýüklemek öte amatly, bir ýşarat bilen öňüňizde çöküp, göýä bir äpet daş dek gymyldaman durýar, müneniňden soň bolsa, ýene bir ýşarat bilen ol "äpet daş" ornundan göçüp, islän tarapyňa rowana bolýar. Bular düýäniň daşyndan synlanyňda göze ilýän sypatlarydyr. Indi onuň wujudyna ybrat nazary bilen seredilse, ol aýlap azyksyz, suwsuz ýörüp bilýänliginden başlap, onuň bedenindäki her bir agza sähra şeýle laýyk ýaradylanyny görüp, Ýaradanyň gudratyna boýun bolmazlyga alajyň ýokdur. Indi ýene görüp, ybrat almagymyz üçin möwjudatlardan biri üstümizde "tam" bolup, bizi başga saýýaralardan we başga älemlerden

ýetmegi mümkin bolan zyýandan saklap durýan asman bolsa, ýene biri "ýeriň myhlary" bolan daglardyr ki, olar özleriniň etrapyndaky yklymy-howany mydam bir kararda saklap duruşlaryndan daşgary, içinde ynsan üçin zerur bolan hazynalary hem gorap saklaýarlar. Indi daglardan ýere düşsek, ol hem biziň ýaşaýşymyz, öý-jaýlary bina edinmegimiz we ekin bag-bakja ekinmegimiz üçin tekiz edip goýlupdyr. Eýsem, bularyň bary öz-özünden peýda bolup, şeýle anyk we hikmetli tertip-nyzama geldimi? Ýa-da bu barlygy, möwjudatlaryň her birini adamlar öz elleri bilen ýaradyp, ine, şeýle ýerleşdirip goýdularmyka? Bu iki çaklamanyň hem dogry däldigini bilmek üçin uly ylmyň geregi ýok, diňe arassa, zäherlenmedik pikir we azajyk ynsap bolsa, bes, bu möwjudatlary ýaratmak diňe barça älemler Perwerdigäri bolmuş Alla tagalanyň gudrat golundan gelýäni mälim bolup galýar. Şonuň üçin hem ýokardaky aýatlarda ähli ynsanlar Ýeru-asmandaky närselere ygtybar göz bilen, ybrat almak üçin nazar salmaga çagyrylandyr. Aşakdaky aýatlarda pygamber alaýhy-s-sa-lama adamlary Yslama çagyrmakda ine, şeýle ybratly mysallar bilen pent-nesihat etmek ýoluny tutmak emr edildi.

21. Bes, (eý, Muhammet), siz pent-nesihat ediň! Çünki, siz diňe bir pent-nesihat edijisiňiz, bolany.

22. Siz olaryň üstünden zorluk bilen höküm ýörediji dälsiňiz.

23. Emma kim (bu pent-nesihatdan) ýüz dönderip, kapyr bolsa;

24. Onda Alla ony iň uly azap bilen azaplar!

25. Diňe ýalňyz Özümize gaýdyş bardyr!

26. Soňra olary hasap-kitap etmek (jeza bermek) hem ýalňyz Biziň borjumyzdadyr!

89. WAL-FAJR SÜRESI

Säher, daňlak — daň şapagy manysynda.

Bu süre hem Mekge sürelerinden bolup, otuz aýatdan ybaratdyr. Bu sürede söz owal uzak geçmişde geçen we Alla tagalanyň pygamberlerini ýalançy hasap edendikleri sebäpli, bagtsyzlyga duçar bolan käbir kowumlar hakynda, soňra Alla tagalanyň bendelerini baýlyk bilen hem, garyplyk-pakyrlyk bilen hem synag edişi hususynda we süräniň soňunda bolsa, Kyýamat güni ýüz berýän apatly hadysalar we dünýädäki durmuşyny imanu-ygtykatda üstün bolup geçiren janlaryň ol Günde jennet nygmatlaryna ýetişleri barada barýar.

Süre özüniň ilkinji aýaty bilen "Wal-fajr - Sähere kasam" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Sähere kasam,

2.(Zul-hiçje aýyndan owalky) on gijä kasam,

3. Jübüt we täk (rekatly namazlar)a kasam,

4. Geçip barýan gijä kasam ki, (elbetde, kapyrlar azaba giriftar bolarlar)!

5. Ine, şu (kasam içilen närselerde) akyl eýesi üçin (ýeterlik) kasam bardyr!

6-7-8. (Eý, Muhammet), Perwerdigäriňiziň (başga) ýurtlarda taýy bolmadyk belent öre(li minaralar) eýesi bolan Yram (şäherindäki) Ady (Aat tiresini) nähili (heläkete duçar) edenini görmediňizmi?

9.(Kura) düzlüginde harsaň daşlary kesen (kesip özlerine öý salnan) kimseler bolan Samud (tiresini nähili heläkete duçar edeni),

10. Gazyklar (ýagny, ýere gazyk dek kakylan belent diwarlar we minaralar) eýesi bolan Firawuny (nähili heläkete duçar edenin)i;

11-12. Olar ýurtlarynda hetden aşyp, ol taýda bozgaklygy köpeldipdiler.

13. Bes, Perwerdigäriňiz olaryň üstüne dürli azap-apaty ýagdyrdy!

14. Şek-şübhesiz, Perwerdigäriňiz (barça närsäni) görüp duryandyr!

DÜŞÜNDIRIŞ. *Ýokardaky aýatlarda küfru-etmişleri sebäpli, heläkete - Allanyň gazabyna duçar bolan kowumlaryň we tireleriň zikri ötenden soň, indi bagt-sagadaty mal-dünýä bilen ölçeýän kapyr kimseler hakynda habar berilýär.*

15. Bes, indi ynsan haçan Perwerdigäri ony synag edip, eziz edip goýsa we oňa nygmat eda etse derrew: "Perwerdigärim (yzzat-hormata laýyk bolanym üçin) meni ezizledi" diýer.

16. Indi haçan (Perwerdigäri) ony synag edip, ryskyny ýetmez edip goýsa, derrew: "Perwerdigärim meni hor etdi" diýer.

17. Ýok, (siziň güman edişiňiz dek yzzat-hormat baýlyk bilen, har-zar etmek-garyplyk bilen ölçelmez)!

DÜŞÜNDIRIŞ. *Alla tagala birewi oňat göreni üçin baý edip, ýa-da bişga birewi ýaman göreni üçin garyp edip goýmaýar. Umuman, Allanyň öňünde mal-dünýäniň çybynyň ganatyça hormaty bolanyiynda, kapyra ondan bir übtük hem berilmezdi. Emma Alla tagala ynsanlary şükür edýärlermi-ýokmy synagdan geçirmek üçin rysklaryny deň edip goýýar. Diýmek, ynsanyň baýlyga söýünip, garyplyga köýünip ýörşi nädogrydyr. Aýatyň dowamynda indi Mekge kapyrlaryna garadylyp, olaryň öte açgöz we bahyl kimselerdigi, özgäniň hakyndan heder etmeýändikleri we halal-haramyň parhyna bakmaýandyklary paş edilýär:*

Ýok, siz ýetime sylag-hormat etmersiňiz!

18. Garyp-misgine tagam bermäge hem bir-birleriňizi ram etdirmer-siňiz!

19. Mirasy bolsa, (öz ülüşiňize özgeleriňkini hem) goşup iýmek bilen iýiberersiňiz!

20. Ýene mal-dünýäni gaty muhabbet bilen oňat görersiňiz!

21. Ýok, (beýle etmişleriňizden gaýdyň)! Haçan ýer (titräp, ähli närse) kül-uşak edilende.

22. Perwerdigäriňiz(iň hökümi) we perişdeler hatar-hatar bolup gelende;

23.(Kapyrlaryň görmegi üçin) şol Günde jähennem hem (ýakyn) getirilende, ana, şol Günde ynsan (bu görenlerinden) ýatlatma-ybrat alar! (Emma ol Günde) bu ýatlatma-ybrat(yň peýdasy) nireden degsin?!

24. Ol: "Wah, men ýaşan wagtymda (ýagşy amallar) edip öten bolsadym" (ýagny, ahyretiň gamyny iýen bolsadym) diýer.

25. Ol Gündäki (Allanyň) azaby kibi hiç kim azaplap bilmez!

26. We Onuň (gandal we zynjyrlar bilen) daňyşy kibi hiç kim daňyp bilmez!

27.(Ol günde pany dünýäden Alla tagalanyň wadasyna ynanyp, iman we ýagşy amallar bilen öten möminlere ýüzlenip, diýiler): "Eý, hatyrjem ýatan jan;

28. Sen (Allanyň bagyş eden nygmatlardan) razy bolan (we Alla tagala tarapyn seniň amallaryňdan) razy bolnan halda Perwerdigäriňe (Onuň huzuryna) gaýt!

29. Bes, (salyh) bendelerim hataryna gir.

30. We Meniň jennetime girgin!"

90. ŞÄHER SÜRESI

Mekgede hasyl edilen bu süre ýigrimi aýatdan jem tapandyr. Süräniň başynda Alla tagala - Özüniň näçe-näçe pygamberleriniň doglup, ösen we, hususan, soňky pygamberi Muhammet alaýhy-s-salamyň mesgeni bolan Mukatdes şähere - Mekgä we ähli ynsanlaryň hakyka kasamýat etmek bilen - ynsan zatynyň bu dünýä mähnet-muşakgat çekmek üçin gelýändigi hakynda habar berýär. Bu süräniň "Balad" - "Şäher" diýip atlandyry-lyşynyň sebäbi şudur. Soňra ellerindäki mal-mülklerini il gözüne sowrup, öwnüp ýörýän kimselere duýdurylyp, diňe iman-ygtykat bilen Alla tagalanyň buýran jaýlaryna sadaka berip, sarp-harajat etmek ahyret bagtyna ýetmek mümkinligi, Alla tagalanyň aýatlaryna kapyr bolan kimseleriň bolsa, şek-şübhesiz, dowzahy betbagtlardygy takyklanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2-3. (Eý, Muhammet) ine, şu şähere - elbetde, sen hem, ine, şu şäherde ýaşaýansyň - hem-de ata we ondan bolan çagalara (ýagny, Adam alaýhy-s-salam we onuň ähli zürýatlaryna) kasamýat edýärin ki;

4. Hakykatdan hem, Biz ynsany mähnet-muşakgat (alada) üçin ýaratdyk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, ynsan özüne jan bagyş edilenden, tä şol jan bedenini terk edip gidinçä, zähmetde, aladada ömür sürýär. Bu barada musulman hem, kapyr hem deň derejede mähnet-muşakgatlary başdan geçirýärler Ýöne musulman Ýaradanyň buýran iş-amallarynda jan köýdürýär, özüniň güýç-gaýratyny mümkingadar sogaply işlere sarp edýär we gerek bolsa, Hak ýolunda janyny gurban edip, ahyretdäki baky rahat-asudalyga ýetýär. Emma kapyr, ygtykatsyz kimseler bolsa, arzan haý-höwesler we özlerine hem, özgelere hem bipeýda-biwepa bolan puç arzuw-hyýallara ýetmek ýolunda janlaryny jepalara berip, akybetde bu dünýädäki zähmet-kynçylyklaryndan daşgary, ol dünýädäki dowzah azabyna-da giriftar bolýarlar. Aşakdaky aýatlarda, ana, tapan mal-dünýäsi we

güýç-kuwwaty bilen şeýle buýsanyp, pygamber alaýhy-s-salama we başga möminlere nadanlyk edip ýörýän bir kimse hakynda hekaýat edilýär:

5. Ol özüne hiç kimiň güýji ýetmez diýip oýlaýarmy?!

6. Ol (öwnüp): "Juda köp mal-dünýäni (harçlap) ýok etdim" diýer.

7. Ol özüni (ikiýüzlülik bilen mal-dünýä sowurýan wagtynda) hiç kim gören däldir diýip oýlaýarmy?! (Ýok, Alla tagala her wagt, her närsäni görüp-bilip durar!)

8-9. Eýsem, Biz oňa iki göz, dil we iki leb (bagyş) etmedikmi?!

10. We Biz ony iki belentlige ýolladyk!

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, Alla tagala ynsany ýaradyp, haýyr ýoluna ýörmäge hem, şer ýoluna ýörmäge hem erk-ygtyýar berdi. Bu iki ýol hem belentlikdir. Diýmek, ikisine çykmak üçin hem der dökmek, kynçylyk çekmek gerek bolýar. Ýöns haýyr belentligine çykmak üçin oňat hereket edip, maksadyna ýeten kişi jennet nygmatlaryna eýe bolsa, şer belentligine çykan kimse, onuň yzyndaky dowzah gowagyna ýykylar.

11. Bes, ol (öwünjeň kimse haýyr) depesini aşyp geçmedi!

12.(Eý, Muhammet), depe aşmagyň nämedigini siz nireden bilersiňiz?

13.(Ol bir gul) boýnuny (bendilikden) azat etmek,

14-15-16. Ýa-da açlyk gününde bir gardaş ýetime ýa mätäç garyp-misgine tagam bermekdir.

17. Soňra ol (öwünjeň kimse) iman getiren we bir-birlerine (tagat-ybadatyny eda etmekdäki kynçylyklara) sabyr-kanagat etmegi maslahat beren, bir-birlerine (Allanyň bendelerine) mähir-mürewwet görkezmegi maslahat berenlerden bolmady!

18. Ana, şol sag tarap eýeleridir (ýagny, ahyret Gününde işleri oňundan gelýän sagadatly kişilerdir).

19. Biziň aýatlarymyza kapyr bolan kimseler bolsa, çep tarap eýeleridir!

20. Olaryň üstünde büräp duran alaw - dowzah bolar!

91. GÜN SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl bolan. Ol on bäş aýatdyr. Bu sürede Alla tagala Öz ýaradan birnäçe möwjudatyna we Öz asyl - zatyna kasam bilen öz janyny iman bilen päk tutan kişiniň najat tapjakdygy, "ony küfr bilen hor eden kimsäniň bolsa, namyrat boljakdygy hakynda habar berýär.

Soňra, ana, şeýle bagtsyzlyga duçar- bolan kowumlardan Samud tiresi mysal edip getirilýär. Süre özüniň ilki aýaty bilen "Waş-şams" "Güne kasam" diýip atlanandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Güne we onuň şöhlesine kasam,

2. Onuň (ol Günüň) yzyndan gelen Aýa kasam,

3. Ol (Güni äleme) äşgär eden gündize kasam,

4. Ol (Güni öz tümlügi bilen) dolap, ýaşyran gijä kasam,

5. Asmana we ony bina edene kasam,

6. Ýere we ony ýaýyp-tekiz edip goýana kasam,

7-8. Jana we ony bar edip - ýaradyp, oňa pysky-pujuryny hem, takwasyny hem ylham edip öwredip goýana kasam ki,

9. Hakykatdan hem, ony (ýagny, öz nebsini-janyny iman we takwalyk bilen) päklän kişi najat tapdy.

10. We ol (jany pysky-pujur bilen) gömüp, horlan kimse namyrat boldy.

DÜŞÜNDIRIŞ. Sahabalardan Ibn Apbas tarapyndan (Alla ondan razy bolsun) rowaýat edilişiçe, pygamber alaýhy-s-salam haçanda ýokardaky aýatlary tilewat edende, bir säginip, Alla tagalaga şeýle doga eder ekenler:

"Allahym, Özüň nebsimi-janymy Takwalyga bagyş etgin, Özüň onuň eýesi Sen we Özüň ony iň ýagşy päkleýji Sen.

Indi aşakdaky aýatlarda Samud tiresiniň etmişleri beýan edilýär. Olar özlerine iberilen pygamberi - Salyh alaýhy-s-salamy ýalançy hasap edişip, ondan mugjyza talap edenlerinde, Salyh alaýhy-s-salam Alla tagalanyň gudraty bilen bir äpet daşy diri düýä öwrüp goýýar we Samud tiresiniň adamlaryna ol düýä birem zyýan ýetirmezden, nobaty gelende, suwa ýakyp durmagy buýrýar we bolmasa, heläkete duşjakdyklary hakynda duýdurýar. Emma ol kapyrlar pygamberiň üstünden gülüşip, düýäni soýýarlar we hemmesi heläk bolýar. (Biz bu hadysa hakynda owalky süreleriň düşündirişlerinde hem aýdyp geçipdik).

11. Samud (tiresi) hetden aşandyklary sebäpli, (pygamberlerini) ýalançy hasap etdiler.

12. Ýatlaň, olaryň iň betbagtlary (düýäni soýmak üçin) gozgananlarynda,

13. Allanyň pygamberi (Salyh alaýhy-s-salam) olara: "Allanyň düýesinden (ýagny, ony soýmakdan) we ony suwa ýakma(ga garşy bolmak)dan saklanyň!" diýdi.

14. Bes, olar (pygamberi) ýalançy hasap edip, (ol düýäni) soýdular, Perwerdigär günäleri sebäpli, olaryň üstüne gyrgyn iberip, ony (gyrgyny hemmelerine) barabar (deň) etdi.

15.*(Ýaradan Alla tagala bu işiň) akybetinden gorkmaz!*

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, Ýeru-asmanlardaky ähli möwjudat (barlyk) Alla tagalanyň Öz mülki bolany sebäpli, Ol Öz mülküni Öz isleýşi ýaly alyp barýar we bu dogruda hiç kimiň öňünde hasap bermeýär. Tersine, bütin barlyk Onuň öňünde hasap okaýar.

92. GIJE SÜRESI

Ýigrimi bir aýatdan ybarat bolan bu süre Mekgede hasyl edilen. Onda ynsanlaryň hereketleriniň hem, durmuşlarynyň hem dürli-dürlüdigi hususynda söz baryp, ahyret Günündäki sylag iman getirip, takwa we mätäçlere haýru-sahawat bilen ömürlerini geçirýän kişilere bagyş edilýän jennet we bakylyk, imansyzlyk bilen ýaşap ötýän kimseleriň barar jaýlary bolan dowzah azaby dogrusynda habar berilýär. Süräniň soňunda ýalňyz Allanyň razylygyny isläp edilen ýagşy amallara diňe sylag-sogap beriljegi takyklanýar. Bu süre hem özüniň ilki aýaty bilen "Wal-laýl – Gijä kasam" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Barlygy öz zulmaty bilen) gurşap alýan gijä kasam,

2. Agaryp görnen gündize kasam,

3. Erkek we aýaly ýaradana kasam ki,

4. Şek-şübhesiz, siziň edýän hereketleriňiz hilme-hildir.

5. Ana, indi kim (öz mal-döwletindäki garyp-biçärelere berilmegi gerek bolan zekady we başga sadakalary) bagyş etse we (Alladan) gorksa,

6. Hem-de gözel akybeti (ýagny, jennetiň barlygyny) tassyk etse;

7. Bes, Biz ony aňsat ýola miýesser ederis.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlardan mälim boluşyça, kim dünýäde we ahyretde bagtly-sagadatly ömür geçirmegi üçin aňsat ýol yzarlasa, onuň üç duýga eýe bolmagy gerek eken: Öz boýnundaky Alla tagalanyň buýran haýyr-yhsanyny garyp biçärelere bagyş etmek, mydam takwalyk bilen, ýalňyz Alladan gorkup ýaşamak we ýagşy amal üçin gözel sylagyň - jennetiň boljagyny çyn kalbdan tassyk etmek, Alla tagala, ana, şu üç duýga eýe bolan kişilere jennet ýoluna aňsat ýetmäge wada berdi. Indi aşakdaky

aýatlarda ýokardaky duýgularyň garşysyna duran kimseler we olaryň tapjak akybetleri hakynda söz ýöredilýär.

8. Indi kim (Alla ýolunda haýyr-sahawat etmän) bahyllyk etse we (özüni Alla huzuryndaky synaglardan) bihajat bilse,

9. Hem-de gözel akybeti (ýagny, Allanyň wada eden jennetini) ýalan diýse,

10. Bes, Biz ony (dünýäde we ahyretde bagtsyz bolýan) agyr ýola "miýesser" ederis!

11. We ol (dowzahda) heläk bolan wagtynda malu-dünýäsi oňa peýda bermez!

12. Şek-şübhesiz, hidaýat (ýagny, ynsanlary Dogry ýola ýollamak) ýalňyz Biziň boýnumyzdadyr.

13. Şek-şübheskz, ahyret hem, dünýä hem ýalňyz Biziňkidir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny dünýäniň hem, ahyretiň hem ýeke-täk ýalňyz hakyky patyşasy - eýesi ýalňyz Alla tagaladyr. Bes, kim ki Alladan özge islendik bir kimsä baş egse, Alladan özgs bir kimseden hidaýat ýa-da bagt - sagadat sorasa, ol açyk gümradyr.

14. Bes, (eý, ynsanlar), Men sizi lowlap ýanyp duran otdan-dowzahdan ägä etdim.

15-16. Oňa diňe (Haky) ýalan diýen we (iman-ygtykatdan) ýüz dönderen betbagt kimse girer!

17-18. Özi päk bolup, mal-döwletini (ýagşylyk ýolunda) sarp edýän takwalar ondan (ol dowzahdan) yrak-daş ediler.

19. Ol (takwalar) huzurynda-boýnunda bir kimsä-de gaýtarylýan nygmat ýokdur. (Ýagny, ol bir kimsäniň hem özüne geçirip goýan ýagşylygyny gaýtarmak üçin haýyr-sahawat görkezmeýär).

20. Ol diňe iň ýokary zat bolan Perwerdigäriniň didaryny-razylygyny isläp (mal-döwletini sarp eder).

21. We ýakynda (ol Perwerdigäriniň özüne bagyş edýän sylag-jennet nygmatlaryndan) razy bolar.

93. ÇÄŞ SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bu süre on bir aýatdan ybaratdyr. Ol pygamber alaýhy-s-salamyň şahsyýetine has bir süre bolup, onda Alla tagala Özüniň soňky pygamberine bolan mähir-muhebbeti we rehim-şepagaty hakynda habar berýär. Soňra oňa ylahyý ýol-ýorgutlar görkezilýär. Süre özüniň ilki aýaty bilen "Waz-zuha" - "Çäş wagtyna kasam" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Çäş wagtyna kasam,

2.*(Öz zulmaty bilen çar tarapy) gaplap alan gijä kasam ki,*

3.*(Eý, Muhammet), Perwerdigäriňiz sizi terk eden hem däldir, gaty gören hem däldir.*

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýatlar pygamberimize wahyý gelmegi birnäçe mütdet saklanyp, we käbir müşrikleriň "Ine, Muhammedi Perwerdigäri taşlap gitdi" diýip gep ýaýradan wagtlarynda hasyl bolandyr. Alla tagala Öz ýaradan çäş (ýagtylyk) we gije (garaňkylyk) hakyna kasam bilen Muhammet alaýhy-s-salamy terk etmändigi we gaty görmedigini habar bermek arkaly, göýä aýyň (wahyý gelmän galan) on bäşi gijesi garaňky bolan bolsa, galan on bäş gijesiniň ýagty boljagyna yşarat edilýän ýaly.

4. Elbetde, ahyret size (bu) dünýäden ýagşyrakdyr.

5. Ýakynda Perwerdigäriňiz size (şeýle nygmatlar) bagyş eder ki, ýeiz (ol ylahyý merhemetlerden) razy bolarsyňyz.

6.*(Eý,Muhammet Perwerdigäriňiz) sizi ýetim halda tapandan soň, baş pena bermedimi?*

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu ýerde pygamber alaýhy-s-salam ýaş çagalak wagtlarynda ýetim bolup galandygyna owal babasy Abdulmuttalyp, soňra agasy Abu Talyp garamagynda terbiýe alandygyna salgylanylýar.

7. Ol sizi gümra-gapyl halda tapyp, (Hak ýoluna) hidaýat etdi!

8. Ol sizi garyp halda tapyp, baý etdi!

9. Bes, indi siz hem ýetime gahar etmäň!

10. Dilegçi gedaýy bolsa (bir närse bermän) kowmaň!

11. Perwerdigäriňiziň (size bagyş eden pygamberlik we başga ähli) nygmaty hakynda bolsa, (adamlara mydam) aýdyň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu ylahyý ýol-ýordumlar diňe pygamber alaýhy-s-salamyň özune degişli bolman, belki, onuň ehli ymmatlaryna hem degişlidir. Şeýdip, her bir iman-ygtykatly kişiniň borjy özüniň fazly-merhemetine mätäç bolan iň beýik zadynyň - Alla tagalasynyň oňa bagyş eden bihasap naz-nygmatlaryny ýatlap, özüne mätäç bolan ýetim-biçärelere zulum etmän, tersine olara elinden geleniçe ýardam berip ýörmekdir.

94. ŞARH SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl edilen bolup, sekiz aýatdyr. Ol hem özünden owalky süre kibi başyndan soňuna çenli pygamber alaýhy-s-salama ýüzlenme bolup, Alla tagala tarapyndan oňa bagyş edilen fazly-merhemetler zikr edilýär we ol kynçylyklara sabyr-takat etmäge hem-de Alla tagalanyň ybadatyna mydam gaýrat görkezmäge ugrukdyrylýar.

Süräniň ady bolan "Şarh" kelemesi "Açmak, giň etmek" diýen manyny aňladýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. (Eý, Muhammet), Biz siziň kalbyňyzy (iman we Gurhan nury bilen) açyp goýmadykmy?!

2-3. We Biz siziň egniňizi basyp duran agyr ýüki goýmadykmy?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu agyr ýuk pygamber alaýhy-s.-salam ýol goýan we ýol goýýan-mynapyklaryň jihada çykmazlyklaryna idin bermegi, ýanyna barmagy, ýanyna gelen gözi ahmal sahaba gabak asyp, gaş çytmagy ýaly kiçijik hatalar bolup, bular mydam agyr ýük bolup pygamberimiziň egninden basyp, azar berip durýardy. Işbu aýatlar bilen Alla tagala Özüniň habybyna - soňky pygamberine onuň ýagny, pygamberimiziň bu kiçijik hatalaryny geçirim edilenligi hususynda habar berýändir. Indi aşakdaky aýatda resulyllaha bagyş edilen ýene bir merhemet hakynda söz barýar,

4. We Biz siziň zikriňizi (ýagny, mertebäňizi) belent edip goýduk.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, her bir mömin-musulman nirede Alla tagalanyň adyny ýat edip, Ony beýiklese, elbetde, Onuň bilen bile pygamberi Muhammet alaýhy-s-salamyň adyny hem zikr edip, oňa salawat we salam aýdýar ki, bu ýokary mertebe pygamberimizden özge hiç kime nesip eden däldir,

5. Bes, elbetde, her bir agyrlyk - muşakgat bilen bile bir ýeňillik hem bardyr.

6. Elbetde, her bir agyrlyk - muşakgat bilen bile bir ýeňillik hem bardyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Eger hormatly okyjy üns beren bolsa, ýokardaky aýatlarda her bir kynçylykdan soň däl, belki, edil şol kynçylyk bilen bile ýeňillik barlygy iki gezek takyklanýar. Muňa iki hili manyda düşünmek mümkin. Birinjisi - her bir kynçylykdan soň, şeýle tiz ýeňillik gelýär ki, göýä olaryň ikisi bile, ýanma-ýan duran ýaly bolýar. Diýmek, kynçylyga ýüzbe-ýüz gelende, näumytlyga düşmegiň asla hajaty ýok. Ikinji many - bir kişiniň başyna iman - ygtykaty sebäpli, bir agyrlyk düşse, onuň hergiz mundan renjimezligi-gamlanmazlygy lazym. Elbetde, ol ahyretdäki aňsatlyga - baky sagadata aýny, ine, şu dunýäde çekýän kynçylygynyň şerapaty bilen, ýagny, ine, şu kynçylyga sabyr-takat edendigi sebäpli ýetmegi mümkin. Diýmek, onuň çekýän kynçylygynyň özünde onuň üçin baky bagt-sagadat bar eken.

7. Bes, (eý, Muhammet) haçan siz (adamlary Hak ýoluna çagyrmakdan) boş bolsaňyz, (ýeriňizden) turuň;

8. We ýalňyz Perwerdigäriňize ýüz tutuň

95. INJIR SÜRESI

Bu süre sekiz aýatdan ybarat bolup, Mekgede hasyl edilen. Onda Alla tagalanyň iň gözel we kämil ýaradan zadynyň ynsandygy, ýöne käbir kimseleriň küfru-gozgalaň batgasyna batyp, pesleriň pesine öwrülip galyşlary, bu durmuşy dünýäden iman we ýagşy amallar bilen ýaşap öten ynsanlaryň bolsa, tükeniksiz sogap-sylaglara eýe boluşlara hakynda söz barýar. Süre özüniň ilki aýaty bilen "Wat-tiýn" - "Injir miwesine kasam" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Injire kasam, zeýtuna kasam,

2.*(Alla tagalanyň Musa pygamber bilen göni sözleşen) Sina dagyna kasam.*

3. Ine, şu dynç-asuda şähere (ýagny, Mekgä) kasam ki,

4. Hakykatdan hem, Biz ynsany iň gözel şekilu-şemaýylda ýaratdyk.

5. Soňra (ol Biziň bagyş eden şeýle gözel surat we anyk hulkatyň şükrüni etmezden, küfru-gozgalaň ýoluna gidenden soň) ony, asfalasafi-liňe (ýagny, iň erbet dowzaha) gaýtardyk.

6. Diňe (haýsy) birleri iman getirseler we ýagşy amallar etseler, ana, şolara gutarmaz-tükenmez sogap-sylag bardyr.

7. Bes, (eý, ynsan), indi (ýagny, Alla tagalanyň hemme närsä kadyrdygyny bileniňden soň) näme seni (Kyýamat gününde bendeleriň edip öten amallaryna berilýän) jezany ýalan diýmäge mejbur eder?!

8. Eýsem, Alla höküm edijileriň iň adalatlysy dälmi?! (Hakykatdan, Alla tagala Kyýamat gününde iň adalatly höküm edijidir).

96. ALAK SÜRESI

Mekgede hasyl bolan bu süre on dokuz aýatdan ybaratdyr. Süräniň okap-öwrenmäge we Ýaradanyň nähili zatdygyny, ynsanyň nämeden ýaradylanyny aňlamaga çagyrýan owalky bäş aýaty zemini asman bilen baglap durýan Kelamyllanyň, barça ynsanlar üçin ylahyý dessury-amal bolmuş Gurhany Kerimiň ilki aýatlarydyr, Alla tagalanyň Öz soňky pygamberi Muhammet alaýhy-s-salama eden ilki ylahyý ýüzlenmesidir. Süräniň soň hasyl bolan aýatlarynda ynsan tebigatyndaky bir husur-özüni baý-bihajat görmegi bilen düwüne-ýalňyşlyga düşüşi dogrusynda söz ýöredilip, ana, şeýle hetlerinden aşan kimseleriň häli Perwerdigär dergahyna gaýdyp, hasap-kitap bermek borjunyň barlygy hakynda ägählendirilýär. Soňra şolardan biri, özüniň mal-dünýäsi we tabakdaşlarynyň köplügine ynanyp, hetdinden aşan we pygamberimize dynuwsyz azar-ezetler ýetiren Abu Jahl (Jahyl-nadanlaryň atasy) lakamly bir melgun kapyryň etmişleri getirilip, eger ol özüniň küfrü-garşylygyndan gaýtmasa, ahyr-akybetde duçar boljak bagtygaralygy hakynda habar berilýär.

Bu Sürede ynsanyň lagta gandan ýaradylany dogrusynda ilki gezek aýdylany sebäpli, ony "Alak" - "Lagta gan" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet, bütin mewjudaty) ýaradan zat bolan Perwerdigäriňiziň ady bilen (başlap) okaň!*

2. Ol ynsany lagta gandan ýaradandyr.

3-4. Okaň! Siziň Perwerdigäriňiz (ynsan zatyna) galamy (ýagny, ýazmagy-haty) öwreden öte keremli (zatdyr).

5. Ol ynsana onuň bilmeýän närselerini öwretdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu ynsanet durmuşyna täze ylahyý taglymat we tä kyýamata çenli bozulman saklanyp galýan, Alla tagalanyň iberen

dinleriniň iň soňkusy bolan anyk bir din - Yslamyň gelendigi hakyndaky ilki habarlardy. Işbu ilki aýatlardan Yslam dininiň ynsanlary jahalata körlüge däl-de, belki, ylma - ösüşe çagyrýandygy we diňe okamak-öwrenmek bilen Ýaradanyň razy bolýan Hidaýat ýoluny tapmaga çagyrýandygy mälim boldy. Şonuň üçin hem pygamber alaýhy-s-salam "Ylym islemek her bir muslim we muslima üçin parzdyr" diýip merhemet edenler. Indi aşakdaky aýatlarda dinsiz kimseleri mal-dünýäniň we mansap-mertebeleriň nähili ýagdaýlara salyşy hakynda habar berilýär.

6-7. Hakykatdan hem (kapyr) ynsan özüni baý-bihajat görenden soň, elbetde ýalňyşlyga düşer, hetdinden aşar.

8. (Eý, ynsan), elbetde, ýalňyz Perwerdigäriňe gaýdyşyň bardyr! (Şonda bu ýalňyşlaryň üçin hasap-kitap edilip, jezalandyrylyşyň anykdyr)!

9-10. (Eý, ynsan), bir bendäni (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salamy) namaz okan wagtynda (namazyndan) saklaýan kimsäni gördüňmi?!

11-12. Habar beriň hany, eger ol (namaz okaýanyň) özi Dogry ýolda bolsa, ýa-da (özgeleri) takwalyga (Alladan gorkmaga) buýrsa (ony namazdan we takwalykdan saklan kimse heläk bolmazmy)?!

13-14. Habar beriň hany, eger ol (namazdan saklaýan kimse Allanyň kitabyny) ýalan diýse we (ol Kitaba iman getirmekden) ýüz dönderse, elbetde, Allanyň (onuň hemme kylmyşlaryny) görüp duryanlygyny bilmeýärmi?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlar Kureýş emeldar - baýlaryndan bolan Abu Jahl lakamly ganym, kapyr bir kimse hakynda hasyl bolandyr. Ol pygamberimizi Metjit-al-Hyramda namaz okamagyndan saklap: "Eger Muhammet ýene şu ýere gelip namaz okasa, onuň boýnuny oňrup, ýüzüni topraga bularyn" diýip, özüniň butlarynyň adyna ant içýär. Ýokardaky aýatlarda bu kapyryň ähli etmişlerini Alla tagalanyň görüp durany aýdylandan soň, indi aşakda, eger ol beýle bimany işlerini togtatmasa, nähili azaba giriftar boljagy hakynda habar berilýär.

15-16. Ýok! Kasam ki, eger ol (beýle gümra-gapyllykdan) togtamasa, elbetde, Biz onuň maňlaý saçyndan - şol ýalançy, azaşan maňlaý saçyndan tutarys-da, (jähenneme oklarys)

17. Goý (onsoň) ol özüniň jemagatyny (kömege) çagyrybersin!

18. Biz bolsa, azap perişdelerini çagyrarys!

19. Ýok! (Eý, Muhammet), siz oňa etagat etmäň we (ýalňyz) Alla sejde-ybadat edip, (Oňa) ýakyn boluň!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu aýaty kerim Gurhandaky soňky sejde aýaty bolup, bu aýaty okan ýa-da eşiden kişiniň bir mertebe Alla tagala sejde etmegi wajyp bolýar. Bu aýatdaky ýüzlenme diňe pygamberimiz Muhammet alaýhy-s-salama garadylan bolsa-da, onuň hökümi ähli musulmanlar üçin umumy bolan hökümdir. Hiç-haçan Ýaradana ybadat etmekden saklaýan bir kimsä-de etagat etmezden, ýalňyz Alla tagala sejde her bir musulman üçin parzdyr.

97. GADYR SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl edilen bolup, bäş aýatdan ybaratdyr. Onda söz ynsanet taryhynda misli görülmedik bir gije hakynda - ynsanlara bu durmuşy dünýäden çyn ynsaia mahsus ömür sürüp ötmek ýol-ýordumlaryny görkezýän soňky anyk ylahyý dessury-amal bolmuş Gurhany Kerim hasyl bolup başlan örän gadyrly bir Gije we onuň ýagşylyklary hakynda barýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Elbetde, Biz ony (ýagny, Gurhany) gadyr gijesinde hasyl etdik.

2.(Eý, *Muhammet*), *gadyr gijesiniň nämedigini siz nireden bilersiňiz?*

3. Gadyr gijesi müň aýdan ýagşyrakdyr.

DÜŞÜNDIRIŞ. Diýmek, ol gijede edilen tagat-ybadat hem müň aýlyk ybadatdan ýagşyrak bolýar. Biz bu gijäniň bereketi hakynda "Tütün" süresiniň 2-5 aýatlarynyň terjimesinde we düşündirişinde aýdyp geçipdik. Köpçülik ulamalaryň aýdyşlaryça, Gadyr gijesi remezan aýynyň ýigrimi ýedinji gijesidir.

4. Onda (ol gijede) perişdeler we Ruh (ýagny, Jebraýyl alaýhy-s-salam) Perwerdigäriniň idin-ygtyýary bilen (ýyl dowamynda edilýän) ähli işler bilen (asmandan zemine) düşerler.

5. Ol (gije) tä daň atýança, dynçlyk-amanlykdyr.

98. ANYK HÜJJET SÜRESI

Bu süre' Medinede hasyl edilen. Ol sekiz aýatdyr. Bu sürede söz kitap eýeleri bolan ýahudy we nasranylaryň hem-de müşrikleriň etmişleri hakynda, ýalňyz Alla tagalanyň Özüne yhlas bilen ybadat etmek lazymlygy dogrusynda we ahyretde kapyrlaryň duçar bolýan azaby hem-de iman we ýagşy amal bilen geçenleriň miýesser bolýan baky bagty hususynda barýar. Sürede pygamber alaýhy-s-salamyň Alla tagala tarapyn iberilen anyk hüjjetdigi hakyndaky aýatlar hem orun alanlygy sebäpli, bu süre "Baýýina" - "Anyk hüjjet" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Kitap eýelerinden we müşriklerden bolan kapyr kimseler, tä olara anyk hüjjet gelýänçä, (küfrden) aýrylyp bilmediler.

2-3. (Ol anyk hüjjet) Alla tarapyn (iberilen) bir pygamber (ýagny, Muhammet alaýhy-s-salam bolup, oňa) içinde iň dogry ýazuwlar – hökümler bolan päkize sahypalary (ýagny, Gurhany) tilewat eder.

DÜŞÜNDIRIŞ. Alla tagalanyň soňky, anyk dini bolmuş Yslam dinіniň geljegi öňünden Töwrat, Injil kibi owal hasyl edilen, kitap eýeleri ýahudy we nasranylar hem, butparaz müşrikler hem küfr batgasyna batyp galan kitap eýeleri Töwrat we Injilde geljegi aýdylan bir pygambere garaşýardylar. Haçan ki olaryň garaşan hujjeti - pygamber alaýhy-s-salam dilinde Allanyň kelamy - Gurhan bilen gelende bolsa...

4. Kitap berlen kimseler diňe olara açyk hüjjet - pygamber gelenden soň, bölünip gitdiler (ýagny, käbirleri şol öz garaşan pygamberlerine iman getirdiler, aýry-aýrylary bolsa, oňa kapyr boldular)!

5. Çünki olar diňe ýeke-täk Alla, Onuň üçin dini päkläp, Dogry ýoldan dönmedik hallarynda ybadat etmäge we namazy doly berjaý etmäge hem-de zekaty (hakdarlara) eda etmäge buýrulypdylar. Ine, şu Dogry Ýoldaky (milletiň) dinidir.

6. Elbetde, kitap eýelerinden we müşriklerden bolan kapyr kimseler Jähennem odunda bolup, şol jaýda baky galarlar! Ana, şolar iň ýaman mahluklardyr.

7. Elbetde, iman getirenler we ýagşy amallar edenler – ana, şolar ýaradylan jan zatlaryň iň ýagşylarydyr.

8. Olaryň Perwerdigäriň huzuryndaky jeza-sylaglary aşagyndan derýarlar akyp durýan baky jennetlerdir. Olar şol jaýda baky ebediý galarlar. Alla olardan razy boldy, olar (Alladan) razy boldular. Bu (sylag) Perwerdigärinden gorkan kişi üçindir.

99. ÝER TITREME SÜRESI

Sekiz aýatdan ybarat bolan bu süre hem Medinede hasyl bolandyr. "Zalzala" (Zilzile - Titreme, Ýer titreme) diýip atlandyrylan bu süre deslap Kyýamat kaýym bolan günde zemininiň titremä düşüp, titräp-ýarylyp, zybana gelşi hakynda hekaýat edýär.

Soňra ol Günde durmuşy dünýäde edip ötülen zerreçe haýryň hem, şeriň hem jezasyz galmajakdygy beýan edilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Haçan Ýer öz (iň apatly) titremesi bilen lerzana düşende;

2. We Ýer (öz bagryndaky hazynadyr depin edilen ynsan jesetlerinden ybarat) "ýük"lerini (ýüze) çykaryp taşlanda;

3. We diri wagtynda gaýtadan dirilmegi inkär eden ynsan (gaýtadan dirileninden) gorka düşüp: "(Ýeri, how) näme boldy?" diýip galanda;

4-5. Ana, şol Günde Ýer, Perwerdigäriniziň oňa wahyý edendigi (ýagny, sözlemäge buýrany) sebäpli, öz habarlaryny sözlär!

DÜŞÜNDIRIŞ. Sahabalardan Abu Huraýra (Alla ol kişiden razy bolsun) rowaýat edişiçe, pygamber alaýhy-s-salam Ýeriň habarlarynyň nämedigi hakynda sözläp: "Ýeriň habarlary - her bir erkekdir aýal onuň üstünde nähili amal eden bolsa, hemmesini Alla tagalanyň huzurynda sözläp, güwälik bermegidir" diýen eken.

6. Şol Günde adamlar, olara (edip öten amallary)nyň jezasynyň (ýa-da sylaglarynyň) görkezilmegi üçin topar-topar bolup çykyp gelerler!

7. Bes, kim (durmuşy dünýäde wagtynda) zerreçe ýagşylyk etse, (Kyýamat gününde) şony görer.

8. Kim zerreçe ýamanlyk etse, ony hem görer!

100. ÝÜWRÜK ATLAR SÜRESI

Mekgede hasyl edilen bu süre on bir aýatdan ybaratdyr. Bu sürede Alla tagalanyň ýolunda jihad edýänleriň jeňe münüp barýan ýüwrük atlaryna kasamýat etmek bilen dinsiz-ygtykatsyz ynsanlaryň, elbetde, Ýaradanyň özlerine bagyş eden nygmatlaryna näşükürlik edýän, ganym dünýäparaz boluşlary takyklanýar we Alla tagalanyň ähli işlerden habardar bolup duruşy, diýmek, bir ýamanlygyň hem jezasyz galdyrylmajakdygy aýdylýar. Süre özüniň ilki aýaty bilen "Wal-adiýat - (Ýüwrük) atlara kasam" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Alla ýolunda) haslap çapýan,

2.(Çapan wagtynda toýnaklarynda) ýyldyrymlar çakýan,

3. Daň wagtynda (ýow üstüne) sürnüp barýan,

4. Bes, şonda çaň-tozan göterip,

5. Şu (çaň-tozan) bilen (duşman) jemagatynyň ortasyna girip gelýänlere (ýagny, atlara) kasam ki,

6. Şek-şübhesiz, ynsan Perwerdigäriniň (oňa bagyş eden nygmatlaryna) minnet edýändir.

7. We, şek-şübhesiz, ol muňa (özüniň bu näşükürligine) güwädir.

8. We, şek-şübhesiz, ol mal-dünýä muhabbetine juda berkdir (ýagny, gaty berilýändir).

9.(Kyýamat kaýym bolup), gabyrlaryň içindäki närsälere (jesetlere gaýtadan jan berlip, daşa) çykarylanda;

10. We kalblardaky syrlar äşgär edilende,

11. Ana, şol Günde, şek-şübhesiz, Perwerdigäri olardan (ýagny, ähli halaýygyň durmuşy dünýäde edip öten işlerinden) habardardygyny, eýsem, ol (ynsan) bilmezmi?!

DÜŞÜNDIRIŞ. Bu aýatlarda Kyýamat gününde ähli syrlaryň äşgär bolýandygy ýatlatmak bilen, her bir ynsanyň öz ömrüni şol Günde şermende bolup galmaz ýaly görnüşde geçirmeginiň gerekdigi aýdylýar.

101. AL-KARIA SÜRESI

Mekgede hasyl edilen bu süre hem on bir aýatdan jemlenendir. Bu sürede hem Kyýamat apatlary teswirlenip, ol Günde her bir ynsanyň öz kylmyşyna garap, sylag ýa-da jeza laýyk boluşy hakynda habar berilýär. Süräniň ady bolan "Al-karia" kelemesi "Kalplary berk kakyjy (Kyýamat)" diýmegi aňladýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.(Öz apaty bilen adam kalbyny) berk kakyjy (Kyýamat),

2. Ol berk kakyjy nadir (nämedir)?!

3.(Eý ynsan), berk kakyjy (Kyýamatyň) nämedigini sen nireden bilerdiň?!

4. Ol Günde adamlar tozgalap ýören (kowlan) perwanalar kibi bolup galarlar! (Ýagny, gabyrlardan çykyp, Kyýamat elhençliklerinden özlerini. her tarapa urup, tozap gidýärler)!

5. Daglar bolsa, tüýdülen ýüň kibi (asmanda uçup) ýörer!

6-7. Bes, indi (ol günde) kimiň ölçenen (ýagşy amallary) agyr gelse, ana, şol (her bir ynsanyň) razy bolýan - arzuw edýän durmuşy bolar.

8-9. Indi kimiň ölçelen (ýagşy amallary) ýeňil gelse, onuň jaýy gorpdyr.

10. Onuň nämedigini nireden bilmek (saňa) näme berer?

11.(Ol) lowlap duran dowzahdyr!

102. TAKASUR SÜRESI

Bu süre Mekge sürelerinden bolup, sekiz aýatdan ybaratdyr. Bu sürede köp adamlaryň tä janlary çykyp, gabyrlaryna girýänçäler, mal-dünýä toplanmaga berlip, şol arzymaz matalar bilen bir-birlerine magtanmaga meşgul bolup, Allany ýatlamakdan we Onuň buýran Hak ýolunda ýörmekden ýüz dönderenleri beýan edilýär we olara bu kylmyşlarynyň akybetiniň jähennemdigi dogrusynda habar berilýär.

Süre "Takasur" - "Köpeltmek höwesine berilmek" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. (Eý, ynsanlar), siz tä gabyrlara zyýarat edýänçäňiz (ýagny, ölüp, gabra girýänçäňiz mal-dünýä) toplap köpeltmäge meşgul bolup, (Alla tagat-ybadat etmekden) mahrum bolduňyz.

DÜŞÜNDIRIŞ. Hakykatdan hem, ömürboýy Alla tagala bir günem ybadat etmän, mal-dünýä berlip' ötýän kimseler juda köpdür. Bu dogrusynda Sahyhul-Buharyda rowaýat edilen pygamberimiziň bir hadysy öte ybratlydyr: "Meýdiň-öliniň yzyndan üç närse tirkeşip barýar we soň ol üçüsinden ikisi dolanýar, biri bolsa, öli bilen bile galýar - oňa bala-çagasy, mal-dünýäsi we şu dünýäde eden amallary tirkeşip barýar-da, soňra bala-çagasy we mal-dünýäsi ýene yza dolanýar. Edip öten amallary bolsa, onuň bilen bile gabyrda galýar".

3. Ýok, siz ýakynda (bu kylmyşlaryňyzyň akybetini) bilersiňiz!

4. Ýene bir gezek ýok, siz ýakynda bilersiňiz.

5. Ýok, eger siz (dünýä gul bolup galmagyň akybetiniň nämedigini) anyk paýhas bilen biler bolsadyňyz (oňa gul bolup galmazdyňyz)!

6. Kasam ki, elbetde, siz dowzahy görersiňiz!

7. Ýene bir gezek kasam ki, siz ony anyk görmek bilen görersiňiz!

8. Soňra, ana, şol Günde, elbetde, (durmuşy dünýäde size berlen barça) nygmatlar üçin jogapkär bolarsyňyz.

103. IKINDI SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl edilen bolup, üç aýatdan ybaratdyr. Gurhany Kerimdäki iň gysga sürelerden biri bolan bu sürede Alla tagala Asr-ikindi namazynyň waggyna kasam bilen, ynsanetiň hakyky bagta ýetmek üçin dört närse: imana, ýagşy amala, Hak ýola we şu ýolda çekilýän kynçylyklara sabyr-takat etmäge mätäçdigi takyklanýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Asr (wagtyn)a kasam ki,

2.*(Barça) ynsan zyýandadyr.*

3. Diňe iman getirenler we ýagşy amallar edenler, bir-birlerine Hak (ýolun)y görkezen we bir-birlerine (ine, şu Hak ýolunda) sabyr-takat etmegi maslahat berenler (najat taparlar).

104. HUMAZA SÜRESI

Dokuz aýatdan ybarat bu süre Mekgede hasyl bolandyr. Onda toplan mal-dünýälerine guwanyp, şol mallar özlerini her hili bela-beterden saklar diýip oýlaýan we hetdinden aşyp, birewleriň abraýlaryny döküp ýörýän gybatçy-töhmetçi, ýamanlaýjy kimseleriň dowzah azabyna duçar edilişleri hakynda söz ýöredilýär. Süräniň ady bolan "Humaza" sözi "Töhmetçi, Adam ýamanlaýjy" diýen manyny aňladýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Barça (kişilere görübilmezlik edip, olaryň abraýlaryny döküp ýörýän) töhmetçä-gybatça heläket bolgaý;

2-3. Ki, ol (tapan) mal-dünýäsi özüni baky (ölmez) edip goýar diýip oýlap, (diňe) mal toplan we şony (mal-dünýäni) hasap-hesip edip (bir sogaply işe-de sarp etmän) ýören kimsedir.

4. Ýok, (onuň bu hasap-hesibi bikardyr)! Kasam ki, elbetde, ol kül-uşak edijä (dowzaha) taşlanar!

5.*(Eý, ynsan), kül-uşak edijiniň nämedigini sen nireden bilersiň?!*

6-7. (Ol) Allanyň ýakyp goýlan bir odudyr ki, (öz alawy bilen bedenleri deşip geçip) ýüreklere ornar!

8-9. Elbetde, (ol kapyrlar) uzyndan-uzyn sütünlere (zynjyrlar bilen) daňyp goýlan hallarynda alaw olaryň üstüni gaplap alar (ýagny, ne olar jähennem gujagyndan gutulyp bilerler we ne dem almak üçin bir ýuwdum arassa howa taparlar!)

105. PIL SÜRESI

Bu süre bäş aýatdan ybarat bolup, Mekgede hasyl edilendir. Ol Käbeýtullany weýran etmek niýetinde gezenleri sebäpli, Alla tagalanyň gazabyna uçrap, heläk bolan "Ashabi fil - Pil münen leşgerler" kyssasy hakynda sözleýär. Bu waka Alla tagalanyň iň soňky we iň eziz pygamberi Muhammet alaýhy-s-salamyň doglan 570-nji milady ýylda ýüz beren bolup, sansyz leşger bilen, gudratly pillere münüp, Allanyň öýüni bozmak üçin Ýemen häkimi Abrahanyň başlutanlygynda çozup gelen kapyrlary Alla tagala Öz ejiz mahluklary bolan guşlaryň çüňkünde getiren maýda-çüýde daşlary bilen heläk edýär we Käbeýtullany ýakynda doguljak pygamber Muhammet alaýhy-s-salam üçin, geljek täze din, täze ymmat üçin saklap galýar. Soň, hezret dünýä gelip, kemalata ýetenden soň we oňa Gurhan aýatlary hasyl bolup başlandan soň, şol ylahyý mugjyza-täsinlik tä Kyýamata çenli Käbeýtulla tarap ýüzlenip ybadat edýän möminlere ybrat, Allanyň dinine garşy durýan kapyrlara bolsa, bir ajy görelde-sapak bolmagy üçin ol hakda, ine, şu süreýi kerim hasyl edildi.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet), Perwerdigäriňiziň pil eýelerini nähili (heläk) edenini görmediňizmi?*

2. Ol olaryň (Käbeýtullany weýran etmek üçin ulanan barça) hile-usullaryny berbat etmedimi?

3-4. Ol olaryň üstüne gaty daşlary oklaýan top-top guşlary iberip;

5. Olary (mör-möjek, garynjalar tarapyndan) çeýnäp taşlanan saman kibi (eleme-deşik edip taşlady).

DÜŞÜNDIRIŞ. Rowaýat edilişiçe, guşlar tarapyndan oklanan her bir daş bir kapyryň başyny deşip girip, teýinden çykyp giden eken.

106. KUREÝŞ SÜRESI

Bu süre Mekge sürelerinden bolup, dört aýatdyr. Bu sürede pygamber alaýhy-s-salamyň tiresi bolan Kureýş tiresine Alla tagala tarapyn bagyş edilen iki uly nygmat - dynçlyk-amanlyk we dokluk-parawanlyk nygmatlary zikr edilip, kureýşliler, ine, şeýle rahat-asudalykda ýaşaýyşlaryna sebäpkär bolan Beýtullahyň Perwerdigärine ybadat etmäge çagyrylýar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1-2. Kureýşe aňsat edip goýlany, olara gyş we ýaz sapary aňsat edip goýlany üçin,

3. Olar, ine, şu Öýüň Perwerdigärine ybadat etsinler!

4. Ol olary açlykdan (gutaryp) tagam berdi we howpu-hatardan dynç etdi.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, Kureýşe Alla tagala tarapyndan juda köp nygmatlar bagyş edilendir. Eger olar başga nygmatlar üçin Alla tagala ybadat etmeseler hem, olara söwda-satyg etsinler diýip, gyşda - Ýemene, ýazda bolsa, Şama sapar etmeklerini aňsat edip goýlandygy we olar bu saparlardan hemişelik röwüşde peýdalanyp gelýändikleri üçin, ine, şu Beýtullahyň Perwerdigärine ybadat etmekleri lazymdyr. Çünki, aýny, ine, şu Beýtullahyň şerapatyndan etrap-töweregindäki adamlar kureýşlilere degmeýärler we: "Kureýş tiresi Beýtullahyň goňşularydyr. Kim olara bir zyýan ýetirse, edil Abraha we onuň goşuny ýaly, ine, şu Öýüň eýesi bolan Alla tagalanyň gazabyna uçraýar" diýýärler. Diýmek, Kureýş adamlary sapar-syýahatlarynda bir kimsä-de zyýan bermän, dynçlyk we bol-elinlikde ýaşaýanlyklary üçin, ine, şu Beýtullaha we onuň eýesi bolmuş Alla tagalaga bergidardyrlar. Bes, olar Oňa ybadat etmek bilen özlerine bagyş edilen nygmatyň şükürini eda etsinler!

107. SADAKA SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl bolan. Ol ýedi aýatdyr. Bu sürede diniň ähmiýeti hakynda söz ýöredilip, käbir özlerini dindar hasaplap ýören, emma etraplaryndaky ýetim-ýesirlere howandarlyk etmeýän biçäre-misginleriň halyndan habar almaýan kimseler dini (ýagny, edilen her bir iş-amal üçin ahyretde hasap-kitap, jeza bardygyny) inkär edijiler diýlip atlandyrylýar. Şeýle hem, bu sürede özleri ýeke wagty namaz okamagy unudýan" we diňe il gözüne namaz okaýan hem-de goňşy-golam, hemsaýalaryndan - ýakynlaryndan adatça arada ulanylýan iň zerur hojalyk enjamlaryny hem gysganýan ikiýüzli we gysganç kimseleriň hakyna betdoga edilýär we ýetim-ýesirlere mydam kömek goluny uzadýan, tagat-ybadatyny ýalňyz Ýaradanyň razylygyny isläp, ýerine ýetirýän haýyr-sahawatlylaryň hakyky mömin-musulmanlardygy tassyklanýar. Süräniň ady bolan "Mauwn" kelemesi - gap-çanak, palta-teşe kibi ownuk-uşak hojalyk enjamlary diýen manylarda gelýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Dini (ahyretdäki jezany) ýalan diýýän kimsäni(ň nähili kimsedi-gini) gördüňizmi-bildiňizmi?!

2-3. Bes, bu ýetim-ýesiri (gopallyk bilen) kowup goýberýän we (kişileri) garyp-biçärä tagam bermäge ýollamaýan kimsedir.

DÜŞÜNDIRIŞ. Ýagny, kim ki iman getirdim diýip, emma ýetim-ýesiriň hakyndan habar soramasa, garyp-misginleriň başyny sypalap, mähribanlyk etmese, ol dini inkär edýän kimseler bilen barabardyr.

4-5. Bes, namazlaryny "unudýan" kimseler bolan "namaz okaýan"lara heläket bolgaý ki,

6-7. Olar ikiýüzlilik edýän we hojalyk gündelik enjamlaryny hem (kişilerden) gysganýan (ýagny, bir kişä-de peýdalary degmeýän

sadakasyz) kimselerdir!

108. KÖWSER SÜRESI

Üç aýatdan jemlenen bu süre Mekgede hasyl edilendir. Gurhany Kerimdeki iň gysga sürelerden bolan bu sürede pygamber alaýhy-s-salama ýüzlenilip, Alla tagalanyň oňa bagyş eden uly nygmaty – jennetdäki köwser howuzy zikr edilýär we şonuň bilen birlikde ana, şeýle ylahyý sylaga ýetmegiň ähli ýollary - oňa Gurhan hem pygamberlik bagyş edileni tassyklanyp, hezreti (pygamberimiz) beýle ylahyý merhemetiň şükranasy üçin namaz okamaga we gurbanlyk etmäge çagyrylýar.

Soňky aýatda bolsa, kimde-kim pygamber alaýhy-s-salamy ýaman görüp, duşmanlyk etse, ana, şol kimsäniň atsyz-sorsuz ýok bolup gitjegi hakynda habar berilýär.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet), elbetde, Biz size Köwseri bagyş etdik.*

2. Bes, siz Perwerdigäriňiz üçin namaz okaň we (janly) soýup, gurbanlyk ediň!

3. Elbetde, sizi ýaman görýän kimsäniň guýrugy gyrkylandyr (ýagny, atsyz-sorsuz, nam-nyşansyz ýok bolup gidýändir)!

109. KAPYRLAR SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl edilen bolup, alty aýatdyr. Bu sürede Yslam dininiň güýçlenip, ýaýrap barýanyny görüp howatyra düşen kapyrlaryň pygamber alaýhy-s-salamy hem, sahabalary hem bu Dogry ýoldan azaşdyrmak niýetinde onuň ýanyna gelip: "Eý, Muhammet, gel, biz seniň hudaýyňa boýun bolup, oňa hem ybadat edeli, sen hem öz hudaýyňa goşup biziň butlarymyza hem sygyngyn" diýenlerinde hasyl bolandyr. Bu süreden göz öňünde tutulan maksat: pygamber alaýhy-s-salamy hem, onuň tä Kyýamata çenli gelýän ähli ymmatlaryny hem kapyrlaryň beýle hilelerine aldanmazlyga we ýalňyz Alla tagala ybadat etmäge çagyrmakdyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet), aýdyň: "Eý, kapyrlar!*

2. Men siziň ybadat edip ýören närseleriňize ybadat etmez men.

3. We siz hem meniň ybadat edýänime (Allaga) ybadat etjek dälsiňiz.

4. Men siziň ybadat eden närsäňize ybadat etjek däldirin.

5. We siz hem meniň ybadat edýänime (Alla) ybadat etjek dälsiňiz.

6. Siziň diniňiz özüňiz üçin, meniň dinim özüm üçindir!"

110. ÝARDAM SÜRESI

Medinede hasyl bolan bu süre üç aýatdan ybaratdyr. Onda pygamberimize we ähli mömin-musulmanlara Alla tagalanyň Öz dinini ähli dinlerden üstün eden Güne güwä bolanlarynda beren medet we ýeňşi üçin Allaga hamdy-tesbyh aýtmak we Ondan magrypat sorap, toba-tagsyr etmek tälimi berilýär. Süre "Nasr" "Ýardam" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet), haçan Allanyň ýardamy we ýeňişi gelse,*

2. We adamlaryň topar-topar boluşyp, Allanyň dinine (Yslama) girýändiklerini görseňiz,

3. Derrew Perwerdigäriňize hamdy-sena aýtmak bilen (Ony her hili"şärik"lerden) päkläň we Ondan magrypat soraň! Elbetde, Ol tobalary kabul edýändir!

DÜŞÜNDIRIŞ. Işbu sürede mömin-musulmanlaryň wezipesiniň alajy baryça diniň rownaky-ösüş ýolunda oňat hereket etmekdigine, ýeňşi bolsa, ýalňyz Alla tagalanyň Özüniň berjekdigine yşarat bar.

111. TEPBET SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen bolup, bäş aýatdyr. Bu sürede eger özi pygamber alaýhy-s-salamyň süýtdeş agasy bolsa-da, pygamberimize hetdenaşa ezetler ýetiren "Abu Lahab - dowzah odunyň atasy" diýen lakama eýe bolan bir ganym kapyr we onuň küfrde ondan yza galmaýan hatyny hakynda söz ýöredilýär.

Süre "Masad - Hurma pişgesi" diýip atlandyrylandyr. Bu süräniň "Tepbet" diýen ady hem bar.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1. Abu Lahabyň gollary guragaý-heläk bolgaý. (Anyk ki) ol gurady -heläk boldy!.

2. Mal-mülki we kesp edip tapan närseleri oňa medet berip bilmedi!

3. Ýakynda ol (lowlap duran) ýalynly dowzaha girer!

4. Aýaly bolsa, onuň odun daşaýan hammalydyr.

5. Onuň boýnunda bolsa, hurma pişgesinden (süýüminden) işilen ýüpi bardyr

DÜŞÜNDIRIŞ. Abu Lahabyň hatyny Ummi Jemil mydama adamlary pygamber alaýhy-s-salama garşy gijjeläp, olaryň arasynda ýamanlyk oduny ýakyp ýörenligi sebäpli, Gurhan ony "odun arkalan" diýip sypatlady we dowzaha hem äri bilen bile edil şol halynda girjegi hakynda habar berdi.

112. YHLAS SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl bolan. Ol dört aýatdyr. Bu süre möminlere Alla tagalany nähili tanamagy we Oňa nähili yhlas-ygtykat etmegi öwredýär.

Bu süre bir topar Mekge müşrikleriniň pygamber alaýhy-s-salamyň huzuryna gelip, Allanyň tarypyny soranlarynda, şolara jogap ornunda hasyl bolandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet), aýdyň: "Ol - Alla Birdir. (Ýagny, Onuň hiç-hili Şärigi ýokdur. Ol ýeke-täk, ýalňyzdyr).*

2. Alla (ähli hajatlar bilen) gözlenijidir (ýagny, ähli hajatlar Ondan soralýar, emma Ol hiç kime mätäç däldir).

3. Ol doglanam däldir, dogranam (ýagny, Allanyň ogul-gyzy hem, ata-enesi hem ýokdur. Ol ezeli we ebedi zatdyr).

4. We hiç kim Oňa deň (barabar) däldir".

113. PELEK SÜRESI

Bu süre Mekgede hasyl edilen bolup, bäş aýatdyr. Işbu we mundan soňky süre "Al-Muawwazatany", ýagny, "Iki pena soralyjy süre" diýip hem atlandyrylýar. Çünki, iki sürede hem Alla tagala pygamber alaýhy-s-salama we ähli möminlere Ýeru-asmandaky ähli ýaman närseden we hadysalardan ýalňyz Özüne dileg edip pena soramaklaryny tälim berýär. Bu süre özüniň ilki aýatyndaky söz bilen "Pelek - Daň" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet), aýt: "Men daň Perwerdigärinden,*

2.*(Maňa) Öz ýaradan närseleriniň şerinden*

3. Zulmata çümen gijäniň şerinden,

4. Düwünlere dem salýan (jadygöý) leriň şerinden

5. We bahyllyk edýän bahylyň bahyllygynyň şerinden pena bermegini sorap, dileg edýärin".

114. YNSANLAR SÜRESI

Bu süre hem Mekgede hasyl edilen. Ol alty aýatdan ybaratdyr. Bu süre aýdyp geçilişi ýaly owalky süräniň göni dowamydyr. Bu sürede jynlar we ynsanlardan bolan, kişileri waswasa salyp, ýoldan azdyrýan "şeýtan"la-ryň şerinden ýalňyz Perwerdigäre sygynyp, pena soramagyň gerekligini bildirilýär. Süre özüniň ilki aýatyndaky söz bilen "An-nas - Ynsanlar" diýip atlandyrylandyr.

Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen:

1.*(Eý, Muhammet), aýt: "Men barça ynsanlaryň Perwerdigärinden,*

2. Ähli ynsanlaryň Patyşasyndan,

3. Ähli yisanlaryň Ylahyndan

4-5. Ynsanlaryň kalplaryny gizlin waswasa salýan waswasaçy

6. Jyn we ynsanlaryň şerinden pena bermegini sorap, dileg edýärin.